

# HALALLYK KYSSALARY

# HALALLYK KYSSALARY

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2018

UOK 82-3+242
H 19

**H 19** **Halallyk kyssalary.** – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2018.

Taryhda dünýä halklaryny we yklymlary biri-birine jebis baglanyşdyryp gelen Beýik Ýüpek ýoly hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda has kämil we döwrebap röwüşde täzeden dikeldilýär. Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi ýylynda bu hakykata has-da aýdyň göz ýetirip bolýar. Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda ýerleşen ýurtlaryň we halklaryň medeniýeti, sungaty, edebiýaty bilen ýakyndan tanyşmaga hem giň mümkinçilik döredilýär.

Gadymy döwürlerde ylmy we edebi eserleri bilen dünýä taryhynda uly abraýa eýe bolmagy başaran arap edebiýaty häzirki döwürde hem ajaýyp eserleri, peýdaly pikirleri bilen okyjylaryň ünsüni özüne çekmegi başarýar. Nesil terbiýesine, şahsyýet kämilligine dahylly dürli pikirleri öňe sürýän bu eserler terbiýeçilik nukdaýnazaryndan uly ähmiýete eýedir.

*Arap dilinden terjime eden*
*Rahmet Gylyjow*

TDKP №91, 2018 KBK 84 Tür 7

© Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2018

# ÝOLLAR BIZI BIRIKDIRÝÄR

Halklaryň arasyndaky dost-doganlygy berkitmekde medeniýetiň bitirýän hyzmaty örän uly. Her halkyň medeniýetinde şol halkyň ruhy mertebesi bar. Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, «Medeniýet halkyň kalbydyr». Özeninde durmuş paýhasyny saklaýan milli medeniýetimiziň has kämilleşmegi hem ösmegi üçin ähli mümkinçilikler döredilýär. Doganlyk halklaryň medeniýeti, sungaty bilen tanyşmak we öz medeniýetimizi dünýä ýaýmak üçin ähli amatly şertler bar. Milli Liderimiziň nygtaýşy ýaly, halklaryň arasyndaky dost-doganlygy berkitmekde medeniýetiň örän uly ähmiýeti bardyr. Dünýä edebiýatynyň naýbaşy eserlerini okamak arkaly biz şol halklaryň dünýägaraýşy, durmuş pelsepeleri, däp-dessurlary bilen ýakyndan tanşyp bilýäris. Ruhy-medeni pikir ýöretmeler babatda taryhyň dowamynda agzybir hem-de goňşy oturan halklarda umumylyklaryň, meňzeşlikleriň, şol bir babatda her halkyň, milletiň özüne mahsus aýratynlyklarynyň bolup bilýändigi ikuçsyz. Arap edebiýatynyň ruhy hem türkmen okyjylaryna öňden tanyş bolsa gerek. Eger nähilidir bir sebäp bilen arap edebiýatyndan üzňe galan bolsaňyz, onda eliňizdäki bu kitap size şol boşlugy doldurmaga, üzňeligi aradan aýryp, Gündogar edebiýatynyň özboluşly bir dünýäsine aralaşmaga kömek eder. Bu kitaba zehinli žurnalist, terjimeçi Rahmet Gylyjowyň dürli ýyllarda terjime eden we metbugat sahypalarynda yzygiderli çap edilen eserleriniň birnäçesi girizildi.

Rahmet Gylyjow asyl hünäri boýunça arap dili mugallymy. Ol 1996-njy ýylda Döwletmämmet Azady adyndaky Türk-

men milli dünýä dilleri institutynyň Gündogar dilleri fakultetiniň arap dili bölümini tamamlady. Talyplyk döwründe Kuweýt döwlet uniwersitetiniň Diller merkeziniň ýokary kursunda tejribe geçmegi, onuň arap dilini doly özleşdirmegine giň ýol açdy. Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Magtymguly adyndaky Dil we edebiýat institutynyň Magtymgulyny öwreniş bölüminde sowatly edebiýatçy we dilçi alymlaryň, halypalaryň ýanynda işläp, ylmy gözlegler bilen meşgullandy. Milli golýazmalar institutynda nusgawy hem-de orta asyr edebiýatynyň altyn eserleri bilen tanşyp, ol ýerde türkmen halkynyň edebi we ylmy mirasyna, buýsançly taryhyna degişli arap dilinde ýazylan köpsanly eserleri türkmen diline terjime etdi. Şol eserleriň agramly böleginiň dünýä ylmynda meşhurdygyna garamazdan, heniz türkmen ylmy wekilleri üçin täzelikdi.

Döredijilik dünýäsindäki ilkinji ädimlerine heniz kiçi ýaşly mekdep okuwçysyka başlan awtoryň ylmy we edebi döredijiligi bilen ýakyndan tanşan okyjylar onuň öz ýazýan ýa-da terjime edýän eserlerinde arassa ahlak gymmatlyklaryna, şahsyýeti kämilleşdirmegiň ýollaryna, türkmen halkynyň buýsançly taryhyna, watansöýüjilige dahylly ugurlara aýratyn üns berilýändigini kesgitländirler.

Her terjime edilen kitap özboluşly bir mekdep. Terjimeçiniň döredijilik gorunda bolsa şeýle eserleriň sany onlarça. Ynha, Rahmet Gylyjowyň dürli ýyllarda arap dilinden terjime eden uly göwrümli eserleriniň sanawy:

1. Pygamber tebipçiligi. Muhammet Gaýmaz Türkmen, 2000.
2. Gursaklaryň şypasy. Hoja Abdylbaky, 2000.
3. Mertebeler we kemlikler. Reýhan Horezmi, 2001.
4. Meşhurlaryň wepaty. Muhammet Gaýmaz Türkmen, 2001.
5. Döwleti dolandyrmakda patyşanyň ýörelgesi. Ibn Abi Rabi, 2002.
6. Gylyk-häsiýetleriň patyşalyk hazynasy. Ýusup ibn Gyzogly, 2003.

7. Kämil taryh (I tom). Ibn Esir, 2003.
8. Oýlap tapyşlar kitaby. Ysmaýyl Jezeri, 2005.
9. Göwher känlerindäki gizlin ýakutlar. Muhammet Ýahýa Gyfary, 2005.
10. Meşhur adamlaryň sözlügi. Muhammet Gaýmaz Türkmen, 2005.
11. Dür däneler we merjen monjuklar. Abu Mansur as-Sagalyby, 2005.
12. Müsür we Kair patyşalygyndaky röwşen ýyldyzlar (I–V tomlar). Ýusup ibn Taňryberdi, 2006.
13. Uly haýwanat dünýäsi (I tom). Muhammet Demiri, 2006.
14. Taryhdaky yslam döwletleri. Muhammet Gaýmaz Türkmen, 2006.
15. Ýadygäri ibn Şerif. Ibn Şerif, 2007.
16. Türkmen döwletleriniň dür sapaklary (I–III tomlar). Hasan ibn Omar ibn Habyp, 2007.
17. Türki dilleriň diwany (I–III tomlar). Mahmyt Kaşgarly, 2008.
18. Gamgyn bolma! Aid al-Karni, 2010.
19. Atamyň durmuş hakda aýtmadyk zatlary. Kerim aş-Şazili, 2014.
20. Durmuş meýdanynyň gerçekleri. Aşraf Şahin, 2016.

«Halallyk kyssalary» atly bu kitaba häzirki zaman arap edebiýatynda söýlüp okalýan eserleriň birnäçesi girizildi. Kerim aş-Şaziliniň «Atamyň durmuş hakda aýtmadyk zatlary», Aşraf Şahiniň «Durmuş meýdanynyň gerçekleri», Aid al-Karniniň «Gamgyn bolma!» atly eserleri diňe bir arap dünýäsinde meşhur bolman, eýsem, olar dünýäniň birnäçe dillerine hem terjime edilen eserlerdir. «Durmuşy öwredýän tymsallar» atly bölümde ýerleşdirilen gysgadan manyly tymsallar bolsa häzirki zaman arap eserlerinden saýlanyp terjime edildi. Edil şonuň ýaly «Türkmenler hakda 100 hekaýat» atly bölümde ýerleşdirilen rowaýatlar hem orta asyr arap çeşmeleri esasynda terjime edilendir. «Halallyk kyssalary» atly jemleýji bölüm

bolsa Rahmet Gylyjowyň şol ugra dahylly taryhy kyssalara, durmuşy wakalara özboluşly döredijilikli çemeleşmesiniň miwesidir.

Her bir işe döredijilikli çemeleşmek milli Liderimiziň aýratyn ündeýän zatlarynyň biri. Hormatly Prezidentimiziň: «Her bir raýat, her bir adam «Döwletiň berkemegi we gülläp ösmegi üçin men näme edip bilerin?» diýen sowaly öz-özüne bermelidir» diýen pähim-parasatly we maksada ugrukdyryjy sözleri döredijilik işgärleri üçin esasy çelgidir. Milli Liderimiziň her bir beýik tagallasy bolsa döredijilik adamlary üçin ylham çeşmesi bolup durýar. «Halallyk kyssalary» atly eliňizdäki kitap hem şeýle mümkinçilikleriň bir miwesidir. Beýik Ýüpek ýolunyň ugrundaky halklaryň edebiýaty bilen ýakyndan tanyşmaga mümkinçilik berýän bu kitaba milli Liderimiziň beýik sözlerinden ruhlanyp, arap dilinden terjime edilen we taýýarlanan eserler girizildi.

*Aşyrmät Garlyýew*



# KERIM AŞ-ŞAZILI

## ATAMYŇ DURMUŞ HAKDA AÝTMADYK ZATLARY

### ÝAZYJY BILEN TANYŞLYK

*Ýazyjy Kerim aş-Şaziliniň häzirki zaman arap dünýäsinde iň naýbaşy eserleriň biri hasaplanýan «Atamyň durmuş hakda aýtmadyk zatlary» atly kitaby dünýäniň birnäçe dillerine terjime edildi. Kerim aş-Şazili 1979-njy ýylda Müsür Arap Respublikasynyň Dakhaliýýe welaýatynda dogulýar. Nesil we şahsyýet terbiýesi hakdaky eserleri bilen sanlyja ýylyň içinde dünýäde adygyp bilmegi başaran we millionlarça okyjynyň söýgüsini gazanan awtor «Ejýal (Nesiller)» atly neşirýaty esaslandyran adamdyr. Ýazyjynyň galamynyň astyndan çykan eserleriň ählisi gönüden-göni ýaşlara niýetlenen. Durmuşda öňüňde anyk we beýik maksat goýup ýaşamak, hemişe halal pişelere we arassa serişdelere gol ýapmak, durmuşyň dürli pursatlarynda darykdyrýan ýagdaýlara uçranyňda hem päkize pällere we tämiz niýetlere hemra bolmak, durmuşy, dostlaryňy, daş-töweregiňdäkileri we tutuş dünýäni söýmek arkaly söýülmek – ýazyjynyň ömrüniň şygary. Onuň döreden ähli eserlerinde hem ýaşlaryň diňe şu güne däl, eýsem, geljege hem häzirden taýýarlyk görmegi ündelýär. Ýazyjynyň*

*«Atamyň durmuş hakda aýtmadyk zatlary» atly eseri bilen birlikde «Özüne çekiji şahsyýet», «Durmuş – küşt öýjügi», «Uly durmuş üçin kiçi pikirler», «250 hikmet», «Beýik bolup ýaşa!», «Aýratyn hilli zenan» ýaly ýene birnäçe kitaplary edep-terbiýe, aň-düşünje nazaryndan ýazylandyr. «Tomus buludy», «Söýginiň dili», «Söýginiň taryhy», «Söýgi damjalary» atly eserleri bolsa maşgala gatnaşyklaryny berkitmeklige degişlidir. «Size indi düşündim» hem-de «Indi sen kaka bolduň!» ýaly birnäçe eserleri bolsa ene-atalar bilen çagalaryň arasyndaky baglanyşygy, düşünişmegi has-da berkitmek üçin ýazylan durmuşy we ylmy gollanmalardyr. Ýazyjynyň her bir eserini tamamlanyňda, onuň okalan kitaplaryň täsirinden däl-de, toplan durmuş tejribeleriniň esasynda öz pikirini düşnükli beýan edýändigine göz ýetirip bolýar. «Üstünlik gazanmak üçin seniň haklydygyň ýeterlik däl. Sen özüňe bagly işleri doly ýerine ýetirmäge borçlusyň» diýýän awtoryň durmuş hakdaky pikirleri onuň eserleriniň içinden eriş-argaç bolup geçýär. «Atamyň durmuş hakda aýtmadyk zatlary» adamlaryň, esasan hem, geljegi öňünde bolan ýaşlaryň ruhubelent, şadyýan bolmagyny, ähli wagtda hem umytdan düşmezligini ündeýär. Geljegiňe ynamy, şeýle hem duş gelýän böwetleri we kynçylyklary ýeňmäge gaýraty terbiýeleýär. Ahlak arassalygy, watansöýüjilik, her bir zady ýagşa ýormaklyk, maksada okgunly hereket etmeklik ýaly ilkinji nobatda ýaşlara gerekli gylyk-häsiýetleri özüňde jemlemegiň ýollaryny salgy berýär.*

# GIRIŞ

Perzent terbiýesine biparh garamaly däldigi gadymdan bäri gulagymyza guýulýan ýörelge. Möminleriň emiri Aly ibn Abu Talyp: «Çagalaryňyzy diňe şu döwür üçin däl, geljek zamanlary hem göz öňünde tutup terbiýeläň» diýer eken. Gysga hem bolsa, akyla muwapyk söz. Terbiýeçiler, mugallymlar, ene-atalar çagalaryň edep-terbiýesini kämilleşdirmek arkaly olara ýaşaýşyň täze gözýetimlerini, üstünligiň heniz el degmedik gapylaryny açyp bermäge, bagta eltýän arassa we halal ýollary öwretmäge – geljege mynasyp taýýarlamaga borçludyrlar. Şu wagtdan perzentleriň aňyna sepilen tälim tohumlary, ýüreklerine oturdylan ýagşylyk nahallary mäkäm boý alsa, tüýs diýen çaglarynda ol düşünjeleriň hasyl berip başlajakdygy hemmämize mälim. Ynsanlar geljege taýýarlykly bolmaly, taýýarlykly barmaly.

Atalaryň öz perzentlerini ýürekden söýýändigine şek ýok. Käteler biziň hereketlerimize olaryň gaharlanmagy, käýemegi hem biziň has gowy bolmagymyz üçin abaý-syýasat. Biz hemişe olaryň söýgüsini duýasymyz gelýär. Ene-atanyň söýgüsi bilen gurşalmak ýaly şatlykly ýagdaý ýok, ýöne bagtly bolmagymyz üçin diňe ene-ata söýgüsiniň ýeterlik däldigi barymyza aýan. Durmuşyň mahal-mahal ýollaýan serpaýlary, käteler öňümizde keserdýän kötel ýollary, kynçylyklary dürli-dürli bolýar. Hemişe şol bir kynçylyk, birmeňzeş müşgillik, öň görlen päsgelçilik gaýtalanyp durmaýar. Ýüzbe-ýüz bolýan durmuş wakalarymyza başga burçdan, üýtgeşik nazar bilen bakmaly pursatlarymyz hem az ýüze çykanok. Meňzeş hadysalar gaýtalansa, onda öň okan, eşiden söhbetlerimizi ýadymyza salyp, şol ýerde aýdylýan öwüt-ündewlere eýermek ýeterlik. Galan ýagdaýda, okalan her bir zat dogry çykalga ugrukdyryjy, dürs ýola gönükdiriji bolup hyzmat edýär.

Döwrüň çalt özgerýändigi, çalt ösýändigi üçin bir zada anyk göz ýetirdim: geçmişden miras galan düşünjeleri elekden geçirip kabul etmeli. Has uzak geljeklere hem hut şu günden, şu pursatdan taýýarlanmaly. Şu günüňi hem, geljegiňi hem asla gözden salmaly däl. Men bu gün durmuş tejribäme esaslanyp, özümde peýda bolan pikir-düşünjeleri gürrüň bermek üçin saýlap alan durmuş waka-

larymy siz bilen paýlaşmak isledim. Bilýän, bu zatlaryň aňyrsynda birnäçe kynçylyklar, görlen kösençlikler ýatyr, ýogsam, şol zatlary görmeseň, durmuşda taplanyp bolmaýar ahyry. Her näme-de bolsa bu ýazgylarym durmuş ýolunda ugur-çykalga tapyp berýän ýönekeý çelgi bolsa-da, eden yhlasymyň ýerine düşdügi bolardy. Özüme berlen edep-terbiýe bilen durmuş hakykatlarynyň bap gelmedik ýerlerinde kelläme gelen pikirleri, çykaran netijelerimi bir ýere jemledim-de, olara «Atamyň durmuş hakda aýtmadyk zatlary» diýen at goýdum. Okaň, belki pikirlerimiz meňzeş geler.

## 1. BAŞLAMAK HEMIŞE KYN

Süýji-süýji göwün ýüwürtmeler, arzuwlar şeýle bir kän, emma olaryň aglaba bölegi ýazylmadyk we hiç wagt ýazylmaýan taryhyň arhiwine siňip galýar. Heý-de siz «Arzuwlaryň senenamasy» ýa-da «Arzuwlaryň taryhy», «Arzuwlaryň ömri» atly eseri okap gördüňizmi? Beýle eseri tapmarsyňyz, çünki iş ýüzünde amal edilmedik, hasyl edilmedik zatlar hakda agyz dolduryp söhbet edilmeýär. Maksadyň beýikligine, arzuwyň süýjüligine, berjaý edilişiniň kämilligine görä, ol işleriň, eserleriň gadyr-gymmaty artyp gidýär. Süýji arzuwlaryň joşguny bütin süňňümizi gurşap, oňa ylham berip duran wagty, uzak-uzak menzilleri, ajaýyp geljegi göz öňüne getirýän mahalymyz, keýpimiziň çag çagynda hemme zat aňsat ýaly görünýär. Arzuwly ýollary külterlemek hem arka agram salmaýan kysmy. Ýöne az salymdan yhlasymyza sowuklyk aralaşyp, Arktikanyň ak hem bolsa, agyr buzlarynyň arasynda gysylyp galan gämi deýin öňe ilerlemäge ne mejal, ne gaýrat, ne höwes tapýarys. Sebäbi azrak emgensek, ahyr soňunda gönendirjek şol arzuwlarymyza başlamakdan, girişmekden çekinýäris.

Haýsydyr bir täze işe girişmekçi bolanyňda onuň iň kyn nokady – başyna barmak, başlamak, işe girişmek pursady. Şonuň üçinem häzirki zaman arap ýazyjylarynyň biri bu hakda söz açanda, başlamak müşgilliginiň syry hakda dil ýaryp: «Her gezek şeýle ýagdaý bilen ýüzbe-ýüz bolanymda, täze bir işiň gyrasyndan girenimde ýa-da

täze bir kitap ýazmaga girişenimde has artykmaç güýç sarp edýärin. Başlamak howsalasyny, başlamagyma böwet bolýan galagoply duýgyny basyp ýatyrmak üçin şeýle bir ýazýaryn, şeýle bir ýazýaryn, başagaý bolup, ýazyp oturyşymy daşymdan görseňiz-ä «eýýäm bir kitaby ýarpylandyr» öýdersiňiz. Diňe şondan soň geçen menzillerime ser salýarynda, özümi adaty, endigan ýagdaýa getirip, öňki ýazan-dolduran zatlarymy düzedişdirip, goşup-aýryşdyryp başlaýaryn. Çünki mende «ilkinji ädimiň» howatyrlanmasy, «başlamak» gorkusy aýrylypdy» diýýär.

Bu biziň köpimize mahsus ýagdaý. Hatda özümem birnäçe etsem-petsemleri diňe şol duýgynyň täsiri astynda ýa soňa süýşüripdim, ýa-da «başlaýyn, başlaýyn» diýip, heniz başlamankam taşlapdym. Kömleriň özleri we öz arzuwlary-geljekleri babatda şu hörpden gopýandygyna, şol ýagdaýdan ejir çekýändigine gözüň ýetýär. Aslynda bu giňden ýaýran ýagdaýlaryň biri. Başlamak gorkusynyň astynda neneňsi syryň ýatandygy hakda dürli pikirleri, ölçerip-seljermeleri gözden geçirenimizde, jogaby göwni kanagatlandyrjak şeýle bir netijä gelip bolýar: biz hemişe ahyrky netijäni görmäge howlugýarys. Täze işe girişýäris, emma köp wagt geçmänkä başga bir işiň täsirine düşüp, bu işimizden sowaşyp başlaýarys. Munuň hem iki sany esasy sebäbi bar. Birinjisi, täze peýda bolan käbir zatlar öňküden has özüne çekiji, has gowy, has bähbitli ýaly duýulýar. Emma şu wagtky işimiziň üstünden böküp, ol işe girişsek, ýene-de şol öňki duýgular bilen gurşalýarys. Ikinjisi, biziň ýöränje ýolumyz heniz «garaşylýan» ahyrky netijäni aýdyň görkezip bilenok. Sebäbi biz gyssanýarys, şu gün düýbi tutulan jaýyň üçegini ertir göresimiz gelýär. Ilkinji ädimler bolsa ahyrky üstünlige çenli ýeterlik ýol däl.

Täze paltanyň daragta ilkinji urgusy kesgir bolman biler, kitabyň birinji setiri juda täsirli ýa-da şowly çykman biler. Hususy meýilnamadaky ilkinji aýlar beýik maksatlaryň ugrunda görnetin öňe ilerleýändigiňi görkezmän biler, emma bar hupbat şu zatlary öz akylyňa düşündirip, ynandyryp bilmekde. Bir demde, bir sözde bina etmek ygtyýary diňe Haka degişli. Biz bolsa munuň üçin ähli ädimleri birme-bir ýöräp geçmeli bolýarys.

Gözüň tebigaty – diňe iri zatlary görýär. Iri zatlara ýetýänçäk arada duran ownuk-uşak hysyrdylary, hal-ýagdaýlary bolsa görmek islämzok. Bularyň ählisine sabyr edere takatymyz ýok, aslynda welin uly sabyr beýik we belent ruhy hasyl edýär. Şonuň üçin hem işiň başyndaky bu päsgelçilik, garşylyk durmuşda duçar bolýan iň uly päsgelçiliklerimiziň biridir. Muňa «başlamak garşylygy» ýa-da «başlamak päsgelçiligi» diýilýär. Şol päsgelçiligi ýeňip geçmek üçin endigan bir ýola düşýänçäň, endigiňe öwrülýänçä, ähli güýjüňi sarp edip işlemegiň gerek.

Belki bilýänsiň, belki-de bihabarsyň – raketa ilki bat alanda özüniň has köp ýangyjyny, energiýasyny ýakýar. Ol asmana göterilmezinden öň ilki bilen bar güýjüni bat almaga berýär.

Ir säher awtoulag bilen ýola düşmekçi bolsaň, onuň motory ýuwaş-ýuwaşdan gyzýança, oňa garaşmaly bolýarsyň. Ol diňe gyzandan soň sürmäge ýaraýar. Her zadyň ilkinji ädimi, ýönekeýi, kiçisi göze ilmeýär, emma şol ädimleriň her biri ýokary derejede ähmiýetli. Göräýmäge ilkinji ädimler işiň soňundan has kyn we zerur.

Öňüňde maksadyň anyk bolsa, ýöremeli ýoluň, barmaly ýeriň, ýetmeli menziliň kesgitli bolsa, hem-de şol ýolda uly gaýrata bürenmek isleýän bolsaň, ilkinji ädimleriňe uly üns ber we egsilmez güýç sarp et. Ilkinji ädimlere sarp edilen yhlas bize goşa-goşa gaýrat eçilýär. Gursagymyza ynam guýýar. Kalbymyza umyt çaýýar. Bizi ahyrky maksadyň gyzyklandyrýandygyna garamazdan, ilkinji ädimlere kembaha garamaly däldiris. Her indiki ädimi aňymyzda berkän pikirler, toplanan tejribeler bilen ýene-de berkidip, ösdürip, öňe ynamly ätlemek gerek. Şeýle bir hikmetli söz bar: «Niýet nirä öwrülse, aýaklar hem şol tarapa ädilýär». Yza öwrülme, saga-sola dönme, maksadyňa tarap diňe öňe ýöre.

Ýaňy ýörjen-ýörjen çaga ilkinji ädimlerinde tiz ýadap, büdräp, bizar bolup oturýar, emma biz – tebigy durmuşymyzdaky tejribelerden bilýäris ahyry, şu büdremeler, säginmeler, yza çekilmeler biziň soňra batly ýöremegimize, ylgamagymyza getirýär. Biz bolsa howlugýarys, gyssanýarys. Soňky netijeler bizi şeýle bir gyzyklandyrýar, hatda käte heniz näbelli şol netijelere irikge bolup, esasy işimizden ünsümizi

sowaşdyrýarys. Sähel kynçylyk ýüz beräýse dagyn öňümizde aşyp bolmajak dag keseren ýaly derrew lapykeç aşak çökäýýäris. Emma Zemin döräli bäri asyl örkünden gobsunmadyk, gozganmadyk ýekeje dag hem ýokdur. Ýa-da adamzadyň aýagy galtaşmadyk dag gerşini hem tapyp bilmersiňiz. Hemme zada sabyr, yhlas, tijenmek arkaly ýetip bolýar. Taryh daňy atanyndan häzirki günümize çenli adamzada abanan iň uly apatlaryň biri – netijelere howlukmaklyk.

Taryhdan bir mysala ýüzleneliň. Muhammet al-Fatyh heniz kiçijik oglanka, deňziň gyrasyna gelip, Konstantinopolyň gala diwarlaryna seredip durar eken. Ümzügini uzaklara aýlap: «Men ertir seniň mäkäm galalaryňy ýere ýumraryn» diýer ekeni. Ahyrynda, ýigrimi ýaşyndaka şol ýeri basyp almak nesibesini Allatagala bu gerçege miýesser etdi. Eýsem, bu ýigdekçe gylyjynyň sapyndan ilkinji gezek tutanda, ussat söweşiji boljakdygyny, bu ýolda uly üstünlik gazanjakdygyny bildimikä? Uly ynam bilen tassyklap bilerin: ol muňa elbetde ynanandyr. Şol sarsmadyk ynam hem ahyry maksada alyp gelýär. Beýik ynam beýik işleri amala aşyrmaga gurbat, kuwwat berýär. Ynamyny gowşatmaýar, yhlasyny egismeýär. Ahyry arzuwyny hasyl edýär.

Öňünde beýik maksatlary goýýanlaryň ýönekeý başlangyçlaryň hupbatyna çydamagy gerek. Her bir ädim, her edilen iş şol beýik maksada barýan ýoluňda uly medet, goldaw bolmalydyr.

Ilkinji ädimleriňe biperwaý garama, olary kiçeltme, egsik görme. Sabyr we yzygiderlilik bilen iş salyş. Şol ýönekeý, sada hem-de kiçijik görünýän ilkinji ädimler iň beýik maksatlara eltip bilýändir. Eflatunyň aýdyşy ýaly: «Işiň iň ähmiýetli bölegi – onuň başydyr». Bir başlap bilseňiz, girişmegi başarsaňyz, soňuna çenli alyp çykjakdygyňyza, her işi doly başarjakdygyňyza şübhe bolmaz.

Ilkinji ädimleriňe – işiň başyna nähili yhlas siňdirseň, garaşylýan we gazanylýan netije göz öňüne getirişiňden hem zyýada bolar. Işiň iň ähmiýetli bölegi netijesidir, ýöne şol netijä sag-aman eltjek we gurbatyňy gowzatmajak güýç ilkinji ädimlerdäki yhlasyňda jemlenýändir.

## 2. YLGAMASAŇ, ÜSTÜNLIK ÝOK

Özümiz bir ýerde durup, ýaşaýşymyzyň has gowulaşmagyny isleýän bolsak, onda durmuşy gözelleşdirmek üçin hiç zat etmeýändigimiz bolýar. Ýaşaýşa nämedir bir zatlar bermek, eliňde baryndan eçilmek, ukybyňda baryny paýlaşmak, bagyş etmek – ömre many çaýýan zatlaryň biri. Munuň üçin ýaşaýşy, durmuşy söýmek gerek. Daş-töwerege, özümizi gurşan hal-ýagdaýlara söýünç bilen bakmak gerek. Durmuşa çynlakaý çemeleşmeli, ony öňküsinden-de has gowy etmäge, has ajaýyp etmäge çalyşmaly. Sebäbi ýaşamagyň maksady şol – has gowusyna ymtylmaly. Özi hem özgelere agyr ýük bolmazdan, gaýry adamlaryň hak-hukugyny kemsitmezden, hut öz başarnygymyz, öz yhlasymyz, öz arassa we halal zähmetimiz bilen berjaý etmeli. Diňe öz bähbidimize däl, hemmeleriň haýryna bolar ýaly ylgamaly. Gazanýan her bir zadymyz, ýerine ýetirýän işimiz, edýän hereketimiz bütin ömrümiz üçin haýyrly bolmalydyr.

Döwürden üzňe bolmak, ýaşaýşa doýgun nazar, tutuksy garaýyş bilen bakmak ynsana gelişýän zat däldir. Hatda dindar bolsaňam, dünýewiligiňi unutmaly däldir. Hersinden özüňe geregini al: diňe dünýä gymmatyna gyzygyp, halaly-sogaby köýdürme. Diňe dine berlip, döwrüňi, durmuşyňy ýatdan çykarma. Ýaşamak we ýaşaýşy has-da gözelleşdirmek üçin dünýewi gyzyklanmalary birjik-de gözden salmaly däldir. Başarsaň eser ýaz, kitap oka, öwret. Höwesiň, yhlasyň bar bolsa, git, bazara çyk, söwda et. Jaý gur, bina galdyr. Harytlar nirede geçginli bolsa, haýsy ýeriň bazary şüweleňli geçýän bolsa, şol ýerlere bar-da, öz başarnygyňy görkez. Bu özüňi açmagyň ygtybarly we halal ýoludyr.

Sahabalardan Abdyrahman ibn Awf ýigrimi üç ýaşynda Hebeşistana göç etdi. Ondan soňra Medinä hijret etdi. Abdyrahman Medinä baranynda owrat ýerini örter ýaly geýiminden başga elinde ýa egninde hiç bir zady ýokdy. Diňe ýüreginde ynamy, imany bardy. Medinä baryp ýetenlerinde, onuň aýdan ilkinji sözi: «Maňa bazary görkeziň» diýen söz bolupdyr. Soňlugy bilen ol iň baý adamlaryň biri

boldy. Üstesine, behişde girjegi öňünden buşlanan on adamyň biri hem Abdyrahman ibn Awfdyr. Hatda jomartlykda deňsiz-taýsyz görlen Talha ibn Abdyllah hem ol hakda: «Medinäniň ilaty Abdyrahman ibn Awfa mätäçdiler, ony juda gowy görýärdiler, çünki ol baýlygynyň üçden bir bölegini karz bererdi. Üçden bir bölegini garyp-gasarlaryň bergisini üzlüşmek üçin sarp ederdi. Üçden bir bölegini özi alardy» diýip aýdýar.

Şeýle bolelinlik, rysgy giňlik içinde ýaşasa-da, hiç bir alada-pikir onuň baş maksatlaryndan öňe geçen däldir. Sebäbi ol owalyny-ahyryny ýaşaýan durmuşy bilen utgaşdyryp, sazlaşdyryp alyp gidýärdi. Ol ömrüniň manysyna öwrülen beýik maksady üçin irginsiz, üznüksiz yhlas ederdi. Şol beýik maksady birjik-de unutmazdy. Her ädimi, her pygly-amaly şol maksadyna laýyk berjaý ederdi.

Dostum, eger-de tanymal şahslaryň terjimehallaryny ýa-da sahabalaryň, beýik adamlaryň taryhy kyssalaryny okap görseň, olaryň örän baý, gurply we abraýly adamlardygyny bilersiň. Abubekr Syddyk, Osman ibn Affan we ş.m.

Durmuş ýolunda üstünliklere gyzygýan, ýokary galmaklyga ymtylýan dostum, maksadyňdan dänme, ýöne bu dünýä üçin agyr ýüke hem öwrülme. Dünýäni göterip bilmejek agyr ýüküňe hem öwürme. Üstünlikler, şowlulyklar bilen bezelen durmuş ýollarynda maksatly hereket et. Hak ýoly, dogry ýoly sypdyrman alyp gitmek, yzygiderli we önjeýli zähmet çekmek üstünlikdir. Ýaşa we ýaşaýşy gözelleşdir. Iň bolmanda öz pikirleriň, niýetleriň, arzuwlaryň bilen bir gatanç goş. Maksat goýanyňda, şol maksadyň ugrunda yhlas etmegi ýüregiňe düweniňde bir hakykaty hergiz unutma: Ýaramaz zada sarp edýän güýjümiziň ýarysyny ýagşy zada gönükdirip bilsek, biz has uly utuş gazanarys.

## 3. HER KIM ÖZ DURMUŞYNYŇ SERKERDESI

Durmuşda üstünlik gazanýanlaryň, ýeňijileriň ählisiniň öz işlerine jogapkärli çemeleşendiklerine seni ynandyrmagym üçin, meniň bu

hakykatlary saňa gaýta-gaýta ýanjap oturmagym gerekmikä? Olar ömürleriniň bir sekundyny hem ýüzbe-ýüz bolan ýaramaz ýagdaýlary, teň hallary üçin kimdir birini ýazgarmaga sarp etmediler. Gaýta, durmuş bulara köp zatlary öwretdi – ýetip barýarka, öň açyk duran gapynyň bulara ýapylandygy üçin ýa-da ýollaryna oklanan mydarsyz päsgelçilik üçin kimdir birini ýazgarjak, kimdir birine iňirdejek, igenjek bolmadylar. Hemme zady adaty bolaýmaly, hökman bolaýmaly bir waka, hadysa hökmünde kabul etdiler.

Beýlekileriň bize eden «ýamanlyklary», «bilgeşleýin döreden päsgelçilikleri» hakda gürlemek şeýle bir ýeňil. Hatda kähalatda öte geçip, perzentlere siňdirilen terbiýe babatda ata-babalarymyzy ýazgarmakdan hem gaýdamzok. Nämemişin «Olar bize üstünlige ýetmegiň, maksada okgunlylygyň ýörelgelerini, dogry ýollaryny öwretmändirler. Öwretmek beýle-de dursun, gaýta bize durmuş hakynda düýbünden başgaça düşünje beripdirler». Öz säwlikleri zerarly hemişe beýlekileri tankytlaýan adamlar bar. Sebäbi ähli müşgilliklerimizi, çözülmän galan meseleleri onuň-munuň üstüne atmak gaýrat talap edenok. Biz şeýdip durmuş bilen ýüzbe-ýüz bolmakdan gaça durýarys. Ýazygy, günäni gaýry biriniň üstüne atsak, özümiz jogapkärçilikden boşaýan ýaly, uludan dem alýarys. Öz götermeli ýükümizi özgeleriň ýagyrnysyna ýüklejek bolýarys.

Emma durmuş tejribeleri bir zady öwretdi, durmuş – bu tolkuny gomap duran giň we çuňňur deňiz. Her kim öz durmuş gämisiniň serkerdesi. Ony saga, çepe, öňe, arka öwürmek öz eliňde. Kenara aman-asuda aşmak, sag-salamat gowuşmak, Allanyň fazly-merhemetinden soňra, öz ussatlygyňa, gämä – durmuşyňa erk edişiňe bagly.

Haýp, biziň köpimizde özümizi aklajak bolmagyň taýyn duran galyplary bar: sähel büdresek ýa-da bir mesele ýüze çyksa, dessine ähli «çözgüdi» şol galyplaryň birine sygdyrýarys-da, öz etmişimiz zerarly peýda bolan netijeleriň jogapkärçiliginden ýüz öwürýäris. «Hemme ýaramaz zatda kimdir biri günäli, emma bizde jinnek ýaly günä ýok...» hasap edýäris. Ine, köpimiziň aglaba halatda, iň bolmanda, kähalatda ulanýan esasy bahanalarymyz.



* 2. Sargyt № 975

Men saňa gönümel we açyk aýdaýyn, sen üstünligiň çakylyklaryna seslenmekçi bolsaň, durmuşyň nygmatly saçagyna zyýapata barmak isleseň, her baran ýeriňe laýyk, mynasyp görünmek isleseň, onda öz müşgillikleriňi we şowsuzlyklaryňy aklamak üçin galkan edinýän bahanalaryňdan hökman we dessine saplanmalysyň. Durmuşyň çykarýan netijelerini ynam we mertlik bilen ykrar etmäge borçlusyň.

Sen mundan öň durmuş deňlemesi hakda eşidipmidiň?

Onuň kesgitlemesi şeýle: durmuşyň netijesi bolýan zatlara jogap berşiňe deň bolýar, başgaça beýan etsek: ýagdaý+jogap hereketi=netije. Üstün adamlaryň üstünligi hem şu deňlemäniň çäginde çözülýär. Şowsuz adamlaryň şowsuzlygy hem şu deňleme bilen ölçelýär. Hemmeler haýsy hem bolsa bir ýagdaýa sezewar bolýarlar, ýöne olaryň hersi öz garaýşyna, pikir-düşünjesine görä hereket edýär. Ine, şu jogap hereketi hem – gaýtargy pygyl hem biziň häzirki görýän netijämizi ýüze çykarýar, hasyl edýär.

Şowsuz ýa-da göwnüçökgün adam şol ýagdaýda saklanýar we zeýrenip, nadyl bolup, özüni aklap başlaýar. Sähel zatdan bahana, tutaryk agtarýar. Müdiri oňa düşünenok, ykdysady ýagdaýlar durnuksyz, goşmaça öwrenmäge boş wagty ýok, üstesine daş-töweregini gurşaýan adamlar hem ýaramazmyş we ş.m.

Muňa garamazdan, edil şol ýagdaýa düşen, şol menzili geçen, şol ýagdaýda ýaşaýan adamlaryň birnäçesi welin, hatda ýagdaýlary olaryňkydan hem agyr bolandygyna, çekip-çydardan, zeýrenerden çökder bolandygyna garamazdan, üstünlige ýetdiler. Ýeňiş gazanmagy başardylar. Sebäbi nämede?

Sebäbi oňyn garaýyşly, üstünlik gazanýan adamlar gymmatly wagtlaryny zeýrenje sarp etmän, her bir zatdan pursat, çykalga, mümkinçilik, täze bir ýol agtardylar. «Boljak zat boldy, bolan zady üýtgedip bolmaz, emma indi boljak zatlara hökman täsir edip bolar» diýen düşünjä eýerdiler. Şeýdibem haýra garaşdylar, ymtyldylar we gazandylar. Ýeri gelende bir sözi ýatladaýyn – «kynçylyk – bu täze bir mümkinçilik» diýmekdir. Ýagdaýa ýesir bolup oturmaly däl, islendik zadyň hökman bir gowy tarapynyň bardygyny unutmazlygymyz gerek. Şol düşünje hem bizi has öňe iterýär, aýaga galdyrýar. Her

täze pursada eserdeň göz bilen bakýarys we şol jygba-jyglykda hem özümize gerekli zatlary görmegi, tutmagy başarýarys. Ýa-da iň bärkisi, şol ýagdaýdan ujypsyzja zeper bilen sag-aman gutulyp bilýäris. Bu-da gazanmak ahyry.

Şeýle kyn ýagdaýlarda kimdir birinden maslahat soramalydyrys. Öz işlerimize ber-başagaý bolup, köpden bäri gatnaşyklarymyz seýreklän gapylara täzeden barmalydyrys. Täze gatnaşyklary açmalydyrys ýa-da käbir pikirlere üýtgeşmeler girizmelidiris. Käbir gylyk-häsiýetlerimizi gaýtadan gözden geçirmelidiris. Maksadymyzy syntgylap, täzeden gaýrata galmalydyrys. Ýa-da iň bolmanda yhlasymyz egsik gelendir, şoňa düşünmelidiris, mahlasy, kyn, agyr görnen her bir zatda hem many çykaryp we peýdalanyp boljak örän köp ýagşylyk, haýyr bardyr, gizlenip ýatandyr. Akylyň bir häsiýeti bar, ony wagtal-wagtal şeýle ýagdaýlar bilen tijäp, oýandyryp durmasaň, öwrenişen, endik eden derejesinde galyberýär. Diýmek, iň bärkisi, akylymyzyň kämilligi üçin hem şeýle kynçylyklar gerek ekeni.

Gönümellik gödeklik däldir. Biziň köpimiz şeýle ýagdaýlar bilen ýüzbe-ýüz bolsak, aglaba halatda, zeýrenç, igenç duralgasynda eglenenimizi eý görýäris. Sebäbi bu ýagdaýda zeýrenmekden ýeňil düşjek hiç bir zähmet ýok. Şol wagt tankyt şuglalary bilen daş--töwerege syçrap durmagam müşgil däl, emma özümizi bu häsiýete öwrenişdirsek, ähli zady şonuň üsti bilen gazanmaga endik ederis. Bolmajak zat.

Hiç wagt öz şowsuzlygyň sebäbini özgelerden agtarma. Hatda biri bilgeşländen saňa badak atýan, büdretmäge hyýallanýan ýaly görünse-de, sen özgeleri ýazgarma. Gadymdan gelýän bir söz bar: «Olar ýamanlyk diýip edýär, bize ýagşylyk bolup ýetýär». Eger birbada başa barmaýan bolsa, onda biz şu ýagdaýymyzda az-kem eglenip, başgaça pikirlenmelidiris. Dürli ýollaryny, usullaryny saldarlap görmelidiris. Emma biz özümiziň nogsanlygymyzy we egsikligimizi aklamaga, bahana tapmaga şeýle bir ussat bolup gidipdiris.

Käbir adamlary göreniňde, muňa-da şükür edýärsiň. Şeýle bir kişiler bar, olar diňe özlerini aklamak, özlerini hemişe hakly we

dogruçyl edip görkezmek bilen çäklenmän, gaýta pikir-düşünjesini dogry tarapa üýtgetmek isleýän we oňyn özgerişlere uýgunlaşmak isleýänleriň hem umydynyň puç bolmagyna sebäp bolýarlar: «Adamlar size üstünlik gazanmaga maý bermezler» ýa-da «Gowy döwür, gowy adamlar bir eýýäm geçip gitdi» diýen ýaly pikirleri aýtmak bilen olaryň hem badyny alýarlar.

Pygamber alaýhyssalam halamaýan zadymyz başymyza gelende näme etmelidigimizi öwretdi. Umyt bilen öňe okdurylmaly we ökünç--zeýrençden, özüňi aklamakdan uzak durmaly. Resulalla: «Şeýden bolsam-a şeýle-şeýle bolardy» diýmegin. Diňe «Allanyň takdyr edenidir. Allanyň halan işi bolar» diý. «Käşgä» sözi şeýtana gapy açýandyr» diýdi.

Gadyrdan dostum, men bu bölümi şeýle sözler bilen jemlemek isleýärin. Ýene bir ýola nygtaýaryn: üstünlik gazanmak üçin haýsydyr bir hal-ýagdaýlaryň, şertleriň gülala-güllük bolmagy, gowulaşmagy esasy şert däldir. Şowsuzlyk saňa ýazylan gutarnykly ýazgyt däldir, ol diňe has tijenmegiň üçin ýatlatmadyr. Bu ýollarda mert bolalyň, ýan bermäliň, ejizlemäliň. Zeýrenmäliň. Anyk we aýgytly pikir, berk karar, mäkäm ynam islendik kynçylygy we böwetleri böwsüp geçmäge gurbat berýär. Ähli durmuş ýagdaýlaryny hemişe asuda köňül, giň göwün bilen kabul edeliň. Durmuşyň nämeler gizläp, ýygşyryp goýandygyna ýa-da nämeleri görkezendigine, aýan edendigine garamazdan, ony diňe ýagşy umyt, güler ýüz bilen garşy almalydyr. Akyl kompasynyň diljagazy bahanalara däl-de, çözgütlere tarap bakyp durmalydyr. Tutuksy, gamaşyk suratlary däl-de, oňyn we aýdyň pikirleri görkezip durmalydyr.

Şeýle bir söz bar: «Üstünlik bu bir merdiwandyr. Iki eliňi jübiňe sokup, merdiwandan aslyşyp bilmersiň».

## 4. DYMMAKLYK ULY GÜÝÇ

Awraam Linkolnyň bir sözi bar: «Dymyp durmagyňy adamlar akmaklyk hasap etse-de, gürläp, olaryň bu pikirini tassyklanyňdan, ýene-de dymyp duranyň gowudyr».

Mundan müň ýarym ýyl ozal Omar ibn al-Hattab: «Her bir adam tä gürleýänçä meniň gözüme şeýle bir hormatly, şeýle bir eziz, gürlänsoň, hemme hakykat aýdyň ýüze çykýar. Kimiň-kimdigi belli bolýar» diýipdir.

Gerek ýerinde dymyp saklanmaklyk abraýly we eý görülýän häsiýetleriň biri. Ol göwünlerde, ýüreklerde hormat-sylagy oýarýar.

Dilini boş we biderek ýaňramazlyga endik etdiren adamy, dilini many we düşbülik bilen jylawlamagy başarýan adamy güýç-kuwwatyň eýesi hasaplap bolar.

Akyldan gapylka aýdylan, gör, näçe söz eýesini heläkçilige uçratdy. Baýlyk-maly, abraý-ady gitdi.

Taryhy ýazgylara görä, Luis XIV ýaş ýetginjek wagty çeper gürlemekde, jaýdar sözlemekde, birini susdurmakda, dawa-jedelde üstün çykýandygy bilen buýsanar eken. Ýöne tagta çykanyndan soň ol mese-mälim üýtgäpdir. Az gürläp başlapdyr. Dymmaklyk, az gürlemeklik onuň esasy ýaraglarynyň we güýç-kuwwat çeşmeleriniň biri bolupdyr. Şol gürrüňlere görä, hatda onuň wezirleri hökümdar bilen bir meseläni ara alyp maslahatlaşmak üçin hem ençeme sagatlap aram-karar tapman, hökümdara meseläni nädip ýetirmegiň ugruny bilmän zowzuldap ýörer ekenler. Öz aralaryndan iki sany wekili saýlap, şol teklibi Luis XIV-ä hödürlemäge zordan boýun eder ekenler. Ony nähili, haçan hödürlemelidigi hakda uzak wagtlap kelle döwer ekenler. Geňeşden soňra, iki sany adam gorka-gorka bu teklibi hökümdaryň ygtyýaryna berip, ähli ýagdaýyny, taraplaryny jikme-jik beýan edenlerinden soňra, Luisiň dymmak haýbaty bilen baş atmasyndan soňra, ol ýerden dolanar ekenler. Hä-hawada bermez eken.

Birmahalky ýaňra Luis XIV bu häsiýeti bilen hökümdaryň huzuryna gelnende her hereketiňe jogapkärçilikli çemeleşmelidigini gazanypdyr. Soňra bu hakda eser ýazan San Simon Luis hökümdary şeýle suratlandyrýar: «Her sözüni gyzyla gaplaýmaly edip satýan şeýle adamy hiç kim gören däldir. Onuň ýylgyryşlary hem, nazary-garaýyşlary hem, ondaky her bir edim-gylym, hüý-häsiýet hem şeýle bir gözeldi. Ol üýtgeşik häsiýetli adamdy. Onuň beýikligi az sözlüligi bilen utgaşyp gidipdi».

Käbir adamlar az sözlemde aýdyp boljak zady süýndürip-sarkdyryp, tutuş kitaby gürrüň berýän ýaly uzaldýarlar. Käteler wakanyň özi bäş minutdan uzaga çekenok, emma onuň gürrüňi sagatlara çekip bilýär. Her gezek aýtjak zatlaryň takyk we kesgitli bolsa, onda sen ýerliksiz gep uzaltmalardan we ýaňramalardan, manysyz sarnamalardan el çekmeli. Şeýtmek bilen, hem özüňi, hem-de beýlekileri irizmekden, ýüreklerine düşmekden halas edýärsiň.

Dogry, söz birek-birek bilen tanyşmak, habarlaşmak üçin esasy serişde, bu delile duwlanyp, bu ýerde meniň bilen ylalaşmazlygyň mümkin. «Ýaşaýan jemgyýetimizde has köp iş salyşmak üçin köp gürlemäge mejbur bolýarys» diýmegiň mümkin. Ýa-da «az gürlesek, özgeler bizi ulumsy, tekepbir saýyp, bizden aýyp-syn etmekleri mümkin» diýersiň. Gümürtik we öjükdirijilik häsiýetdäki dymmaklyk hakda aýdýan bolsaň, onda sen mamla – seniň bilen ylalaşýaryn. Ýöne men bu ýerde sada söz bilen dymmaklygyň, ýagny az gürlemekligiň esasy ähmiýetlerini sanap geçeýin.

Agyzdan çykan sözi yzyna gaýdyp aljak gümanyň ýok. Pygamberimiziň hadyslarynda «Ynsany jähenneme oklaýan iň hatarly zat agyzdan çykan sözdür» diýilýär.

Ähli ýollary, usullary ulanyp, sözleriňe seresap çemeleş. Diliňe erk et. Gymmaty, ähmiýeti ýok sözleri ýaňramakdan we anyk gözüň ýetmeýän zatlary sözlemekden saklan.

«Gürleseňiz, derrew tanalarsyňyz. Ýigidiň kimdigi dilinde basyrylgy ýatandyr, sözlese, nähili ýigitdigi dessine äşgär bolar» diýip, bäş müň hikmetiň eýesi Aly ibn Abu Talyp aýdýar. Bu söz maňa-da, saňa-da degişli. Aýdýan sözlerimiz, ile ýaýýan pikirlerimiz esasynda adamlarda biz hakdaky düşünje peýda bolýar. Olar aglaba halatda aýdýan sözlerimiz arkaly bizi tanaýarlar. Çünki dil diňe özüňde bar zatlary aňyňda bar zatlara laýyklykda sözleýär. Bu diliň tebigatydyr.

Ýöne nirelerde dymmaly? Ine, şu aşakda ýatlanjak ýerlerde dymyp saklanmak örän ýerlikli, has dogrusy, ýagdaýa tüýs laýygydyr.

**Gahar-gazaplykaň.** Gahar-gazap dälilige mahsus bir ýagdaý. Gaharly ýa-da juda öýkeli wagtyň gürläniňde öte köp säwlik

goýberýärsiň. Iň hatarly ýeri hem şol ýagdaýda aýdan her bir sözümiz soňlugy bilen diňe biziň garşymyza hereket edýär. Öz büdremegimize delil, tutaryk bolýar, bäsdeşimiz üçin jaýdar bahana öwrülýär. Diňe bizi ýazgarmaga esas bolýar.

Gahar-gazabyňy, öýke-kinäňi saklap bilmek ýeňil-ýelpaý iş däl. Ýöne özüňi bu häsiýete alyşdyrmak, yzygiderli endik etmek bilen gaharyny jylawlap bilýänleriň biri bolarsyň. Şeýle halatda käbir sözleri ýatlamagymyz gerek. Mysal üçin, Pygamberimiziň «Gaharlanmasaň saňa jennet nesip eder» diýen sözleri bar. Şol sözleri amal etmek arkaly gazanjak sogabyňy we hoş hallaryňy göz öňüne getir, aňla, düşün. Sogap-sylagdan daşary adamlaryň hormat-sarpasyna hem eýe boljakdygyňy ýatla.

**Üstüňden gülünmek, ýaňsylanmak we kinaýa wagtynda.** Araplaryň bir hikmetli paýhasy bar: «Akmak bilen jedel etme, esasanam, özüňçe ýok biri bilen dawa-jedel etseň, eňekleşseň..., sizi aralamakda adamlaryň ýalňyşmagy mümkin».

Gürrüňi uzaltmazlyk we ol ýerde uzak saklanmazlyk – edip boljak iň gowy iş. Kinaýadyr ýaňsylama hem edil şonuň ýaly ýaňsy bilen jogap gaýtarjak bolma, gaýta bu ýagdaýda pespällik, açykgöwünlilik, dymmaklyk güýçleriňi peýdalan. Şolara berjek jogabyňdan geljek netijäni, gürrüňi biderek ýere uzaltmak bilen «gazanjak» zadyňy aňyňda aýla, il-günüň, özgeleriň näme diýjekdiklerine ser sal.

**Daş-töweregiňi bilmeklik, seljermeklik.** Işde, öýde ýa-da sapar-syýahatda bolsaňam, köplenç, dymmaklyk zerurlygy ýüze çykýar. Dymmaklyga mätäç bolýansyň. Her bir bolýan zadyň anyk sebäbini bilmeseň, aňşyrmasaň, sözler kynlyk bilen çykar durar...

Hytaý pelsepeçisi Sun Szy beýleki bir şahs bilen geleşige, ylalaşyga girmegimiz hakda şeýle diýýär: «Biz uzak dymdygymyzça söhbetdeşimiziň dodaklary we dişleri barha çalt hereket edip başlaýar. Ol şeýtmek bilen özüniň islegi we niýetleri hakda saňa has içgin açylyp başlaýar».

Gadyrdan dostum! «Dymmaklyk ejizligiň we dyza çökmekligiň bir alamaty» diýip, ýene-de meniň bilen ylalaşmazlygyň mümkin. Çünki beýleki tarap hondan bärsi bolup, gep süýndürip, söz sarkdyryp

oturmaga magrur bolýar. Bu ýagdaý diňe seniň bähbidiňedir. Senden haýyşym hem-de talabym – seniň mertebäňi, abraýyňy dynnym ýaly ýokary galdyrmajak ýerinde, gaýta sähel sowa düşseň, ýazgaryljak ýeriňde gep uzaldyp oturmagyň haýry-hajaty ýok hasap edýärin. Ýöne şol ýerde nämedir bir zat diňlemeli, sözlemeli we aýtmaly bolsa, onda sen asudalyk we agraslyk bilen az sözde aýdyň jogap bermäge çalyş.

**Nygtamak isleýän zadym – diliňi artykmaç sözlemekden jylawla.** Akyl elmydama diliňe gözegçilik etsin. Diýmeziňden ozal mazaly oýlan. Bedräni guýa sallamazyňdan öňürti işleriň ýagdaýyny ölçerip dök.

**Jan alýan dymmaklyk.** Käbir halatlarda «Dymyp saklanmak örän agyr, ýaramaz we ýalňyş» diýip aýtsalar, sen oda-köze düşme!

Şol ýerde hem diliňi ýazgynyna goýberer ýaly esas ýok, bu bolsa artykmaç gürlemekde haýyr ýokdugyny aňladýar. Islenilýän zat – deňagramlylygy saklamak. Durmuş kadalaryny ýola goýmakda, sagdyn duýgulara eýermekde ýüze çykan islendik ýoldan sowulma, gyşarma ynsana ters täsir edýändir.

Heý-de minnetdarlyk ýa-da duýgudaşlyk bildirilmeli wagty dymyp saklanyň diýýän hikmeti eşitdiňizmi?

Heý-de söýgi, sylag-hormat, taňryýalkasyn aýtmaly ýerinde dymyp durmagymyz laýyk bolarmy?

Kimdir birine töhmet atylýan wagty anyk we aýdyň delilleri aýdyp bilýän bolsaň, dymmaklyk dogry bolarmy?

Elbetde ýok. Eger akylymyz bize şu ýerde gürleseň jaý ýeri diýse, gürlänimiz ganymat. Eger-de işleriň gidişi, ýagdaýy dymanymyzy eý görýän bolsa, onda düşnüksiz we sadaja ýylgyryp oňanymyz has oňatdyr.

Nakyllarda şeýle diýilýär: «Ýapyk agza siňek girmez».

## 5. ZEÝRENÇ SUNGATY

«Gözellik sungaty», «Amaly-haşam sungaty», «Saz sungaty», «Heýkeltaraşlyk sungaty»... sungat bilen bagly ugurlary kän eşidensiňiz. Ýöne «Zeýrenç sungaty» hakda heý-de bir zat gulagyňyza

ildimi? Ýok, siz öte eşitmediňiz, bu ýerde geň görerlik zat hem ýok, men dogrudanam «Zeýrenç sungaty» hakynda gürrüň edýärin...

Kimdir biri ýanyňyza gelip, nämedir bir zatdan derdinse, arzyny aýtsa, zeýrense, bir gün, iki gün üns berip diňlärsiňiz, jaý maslahaty boldugyndan salgy berersiňiz, ýöne her gezek we hemişe zeýrenip ýören adamlardan soňabaka ýüregiňiz doýar, ondan daş duranyňyzy eý görersiňiz. Nämedir bir zat sizi ondan iterip, daşlaşdyryp durar. Sebäbi sähel kötelligi ýüze tutup, zeýrenje ýykgyn etmek aglabamyzyň häsiýetimize ornan hem bolsa, aslynda bu ynsanyýetiň hem, tebigatyň hem halaýan zady däldir. Zeýrenjeň adamlar hemişe özlerinden ýaramaz güýji (otrisatel energiýany) bölüp çykarýar. Şol güýç hem bize ýakymsyz, oňaýsyz täsir edýär. Onsoň, şeýle söhbetlerden soňra gan basyşynyň artmagy ýa peselmegi, özümizi nähoş duýmak, nähilidir bir göwnüçökgünlik duýgulary bilen gurşalmak ýüze çykýar. Şonuň üçin käteler zeýrenje per berýändigimize garamazdan, özümiz welin, zeýrenjeň adamlary halamaýarys. Çünki olar gözelligi açyk ýa-da ýaşyryn-pynhan bolan durmuş günlerini, bagt güllerini lapykeçlik we göwnüçökgünlik çotgasy bilen tutuksy çal reňke boýamaga çalyşýan adamlardyr. Pursat boldugyndan şeýle adamlardan gaça durmaga we olara gabat gelmezlige çalyşýarys.

Zeýrenjeňlik hem-de içki hasratyňy kimdir birine dökmek – hersi aýrybaşga zat. Kähalatlarda gursagymyzdaky oý-pikirler, beýnimizi basýan aladalar, serimizi gurşan ünjüler hakda kimdir birine içimizi dökesimiz gelýär, has dogrusy biz şeýle etmäge, mätäç bolýarys. Kimdir biri bilen pikir alyşmak biz üçin wajyp zada öwrülýär. Şeýle halatlarda ýagşy adamlara örän mätäç bolýarys, olar bize howa deýin gerek. Çünki ynsan dost-doganyna arkalanman bir özi ýaşap bilmez. Adamlar bilen gürleşmeli, görüşmeli, pikir alyşmaly. Gursagyndakyny daşyna çykarsa, adam rahatlyk bilen uludan demini alýar. Süňňüne, köňlüne ynjalyk we rahatlyk dolanýar. Şeýle içiňi dökmek zeýrenç däldir.

Zeýrenç näme? Köplenç halatda gözümiz bilen görmedik, diňe ondan-mundan eşiden gürrüňlerimiz esasynda pikir ýöredip, aslynda ýok meseläni çişirmegimiz, üstümize howp abanýan mysaly janyýangynly gürlemegimiz, ýa-da durmuş wakalary dogrusynda ters pikir

ýöretmegimiz, garşymyzdaky päsgelçiliklere ýüzbe-ýüz durup, olary ýeňip geçmek bilen däl-de, abaý-syýasat bilen çözjek bolmagymyz – biz üçin «ýürek sözi» bolup görünse-de, aslynda ol zeýrençdir. Hemişe ýadyňda bolsun, hiç hili galtaşygymyz bolmadyk zatlara zeýrenenimizden, üýtgedip biljek zatlarymyza ünsümizi sarp etsek, has ýerlikli bolardy.

Hatda içki pikirleriňi paýlaşanyňda hem kimiň ýanynda näme gürleýändigiňe seresap çemeleşmeli. Bir müşgillik hakda kimdir birine derdimizi egsip, gül-gül açylyp otursak, birbada ynjalan ýaly hem bolarys, emma ertesi gün biziň uly ile aýan etmek islemedik meselämiz, dürli-dümen, başly-barat görnüşde onuň-munuň dilinde gaýmalaşyp ýören bolsa, onda düýnki sähel salymlyk ynjalygyň, asudalygyň, rahatlygyň ornuny öňküden beter ökünjiň we puşmanyň eýelejekdigi ikuçsuz. Şeýle ýagdaý, köplenç, mynasyp däl adama içiňi dökeniňden soň ýüze çykýar. Özi-de, köplenç, şeýle bolýar.

Biziň iň uly müşgilliklerimiziň biri – derdimizi egismäge, meselämizi çözmäge hiç hili ýardam edip bilmejek, şol ugurda birjik-de haýry bolmajak, üstesine, iň bolmanda ugrugar ýaly hoşamaý söz hem aýdyp bilmejek adamlara içiňi dökmekdir. Ine, käbir mysallar. Aýalyndan zeýrenjini dostuna döküän, kesir müdirine bolan arzyny baryp aýalyna aýdýan, edarasyndaky ýa-da iş dolandyryşdaky gapma-garşylyklary, nägilelikleri taksi sürüjisine gürrüň berýän adamlar bar. Şeýle ýagdaýda içini dökýän adam ýüreginiň howruny sähel salymlyk gowzadýar diýäýmeseň, hiç zat gazanyp bilmeýär. Zeýreneniň bilen mesele çözülmeýär. Gahar-gazabyny, ynjalyksyzlygyny, janyny ýakmaklygy artdyrmakdan gaýry hiç zat gazanmaýar. Emma düşünjeli adamlara içiňi dökseň, dünýäň giňäp gidýär.

Käbir kişiler duş gelen adamsy bilen derdinişýärler, mynasyp dälleriň ýanynda zeýrenýärler. Emma ol adamlar seniň bilen deň derdinişmese, barabar zeýrenmese, seniň bilen meňzeş hörpden gopmasa, ýene-de sen olardan nägile bolup, öýkeläp başlaýarsyň (ýogsam, şolaryň köpüsi derdineni bilen meseläniň çözülip gidibermeýändigini bilmän duranoklar). Şeýle adamlar durmuş kynçylyklaryna ýüzbe-ýüz durmakdan gorkýan we özüne gaçybatalga gözleýän adam mysaly-

dyr. Onuň müdiriniň oňlanmajak hereketine «Ýok» diýmäge gaýraty ýok. Aýalynyň öňündäki hatasyny boýun almaga gurbaty çatanok. Maşgalasyny mähir-muhabbet bilen gurşap almagy başaranok. Ol zeýrenje, närazylyga ýüz urmak bilen jogapkärçilikden gaçmaga synanyşýar. Iň gowusy – mert bolmaly we şol meseläni çözüp biljek adamlara ýüregiňi dökmeli. Rahatlyk we bagtyýarlyk açary elinde bolan adamlara arzyňy aýtmaly. Ruhubelent adamlardan haraý islemeli, çünki olar şeýle kynçylyklary mertlik bilen ýeňip geçen adamlardyr. Eýsem-de, sen ownuk-uşak hysyrdylar olaryň durmuşynda ýokdur öýdýärmiň, elbetde bar. Tapawutly tarapy, olar bar ünsüni bir ownuk külpete daňyp goýanoklar. Gözlerini meselä däl-de, şol meseläniň oňyn çözgüdine tarap öwürýärler.

Gaýtalanýan, yzygider we üznüksiz zeýrençden gaça dur. Diňe ruhuňa halys agram salyp başlasa, zehiniň keç bolanda, ruhy derdiňi egismek isläniňde, ynamdar dostuň bilen ýürekdeş söhbetdeşlige ýiti mätäç bolan pursadyň ýüregiňdäkini daşyňdan ýaňzyt, daşyňa çykar. Diňe derdiňi paýlaşyp biljeklere içiňi dök. Sagdyn ruha eýe bolan adamlara ýüzlen, diňe şeýle adamlar saňa peýdaly çözgüdi, netijeli nesihaty ýa-da ýüregiňi bu ýükden halas edip biljek çözgütleri salgy bererler.

Mahlasy, başardygyňça zeýrenjiňi azalt, zeýrenmegi bes et. Zeýrenmekden zat gazanyp bolanok, bir gazanýan zadyň – jan saglygyňy ýitirýänligiň. Ýagdaýlar halys şoňa dirände ynamdar adamyň ýanynda içiňi döküp bilersiň. Ol hem dogrudan-da saňa peýda ýa-da peýdaly maslahat berip biljek adam bolsun. Meseläniň çözgütlerini ýa-da derdiňe ýarajak maslahatlary berip bilýän, üstesine nädip dymyp diňlemelidigini hem öz hereketleri bilen öwredýän adamlar tylla hazyna ýalydyr. Akyl-başarnygyň bilen gözellik sungatyny döretmäge ukyplykaň, sähel kynçylygyň öňünde müzzerip, zeýrenji sungata öwürmekden seresap bol.

## 6. GARANTGA DUWLANMA

Ynsanlaryň hal-ýagdaýy bilen gyzyklanýan bilermenleriň aýtmaklaryna görä, «Zeminiň 97 göterim adamy öz arzuwyny däl-de,

başga biriniň arzuwyny hasyl etmek üçin ýaşaýar». Mysal hökmünde käbir zatlary ýatlalyň: Kerim inženerçilik fakultetine okuwa girdi, sebäbi kakasy onuň inžener bolmagyny isleýär. Aly ejesiniň tapyp beren gyzyna öýlendi, çünki ejesi diňe şol gyz oglumy bagtly edip biler diýýär. Mazen söwda-satyga güýmenýär, ýogsam ol bu pişäni asla halanok, ýöne bu onuň öňündäki ýeke-täk çykalgasy, hereket edip biljek meýdanymyş, sebäbi ol kakasynyň hasabyna ýaşamakdan, zol-zol ondan pul sorap ýörmekden bizar bolupdyr. Ýogsam Mazen bu wagt 25 ýaşynda.

Psihologlara gelýän, maslahat sorap ýazylan hatlaryň agramly böleginde: «Durmuşda näme etmek isleýändigime düşünip bilemok?!» diýen şol bir sowal gaýtalanýar. Sowalyň täsindigine garamazdan, bu biziň günlerimizde giňden ýaýran sowaldyr. Ýigitlik müçesine gadam basan adam ömrüniň nirede geçýändigini, nämede geçýändigini, esasanam, nähili geçýändigini bilmeýän bolsa, onuň galan ömrüni hem bihuda geçirmegi mümkin. Megerem, olaryň daş-töweregindäki ýagdaý, dünýä habarlary öz geljeklerini has dogry röwüşde ýola goýmaga pursat beren däldir.

Şeýle adamlar bilen söhbetdeşlige hemişe şu sözler bilen başlaýaryn: «Öz arzuwyň bilen ýaşa! Garantgalara duwlanma, özgeleriň arzuwyna bürenme!» diýýärin. Eger-de olaryň biri: «Öz arzuwyň bilen ýaşamak näme bolýar, men öz arzuwlarym bilen nähili ýaşamaly?» diýäýse... oňa ilkinji nobatda, hökman biläýmeli iki sany wajyp zadyň birini ýatladýaryn: «Ilki bilen, hasyl etmek isleýän arzuwyň näme – şony kesgitle. Soňra sen bu arzuwyňy hormatla, ony hasyl etmäge giriş. Beýik maksadyň barka, ony diňe ýürekde göterip ýörmek we ugrunda alada-yhlas etmezlik özüňi, öz arzuwlaryňy sylamazlygyň bir görnüşidir. Haçanda sen öz maksat-matlaplaryňa berlip başlanyňda, diňe şondan soň şol arzuwy hasyl eder ýaly mümkinçilik we pursat ýüze çykyp başlar. Galany wagtyň işi».

Geljegiň nähili bolmagyny göz öňüne getirýän bolsaň, arzuw-hyýallaryňy, maksatlaryňy, islegleriňi şoňa kybap saýla, şoňa laýyk taýýarla! Seniň şu wagtky arzuw-maksatlaryň – seniň geljekki ykbalyň, has gönümel aýtsam, seniň geljekki özüň. Ýüregiňe düwen zadyňa

ynan, olary hasyl etmek üçin özüňden bitýän zatlary ýerine ýetir, berjaý et. Nähili bolmagyny isleýän bolsaň, şoňa muwapyk hereket et.

Mundan buýana, heniz pikiriňi aýtmankaň, razylygyny ýa-da nägileligini görmek üçin gözüň bir ujy bilen özgeleriň näme diýerine garaşyp durmak gerek däl. Maksatlaryňy goldamajak jogaplary sözlük goruňdan aýryp taşla. Şeýle hem öz arzuwlaryňy ikirjiňlenmeler bilen özüň inkär etme!

Her bir zat babatda seniň öz şahsy pikiriň, öz garaýşyň bolsun. Hususan-da, hut öz durmuşyňa, geljegiňe dahylly bolsa, öz pikirleriňi, oý-hyýallaryňy göz ýummazdan, çekinmezden, dogumlylyk, arkaýynlyk bilen aýt. Mertebäňi peseltmezden bu meseläni çözmäge arkaýyn girişip bilersiň. Ýol ugrunda ýüze çykan, käteler büdreden hatalaryňy we säwlikleriňi hem düzedip bilersiň. Maňa ynan, öz saýlan zadyňda ýalňyşmak lezzeti, seniň üçin beýlekileriň saýlan zatlaryndaky dogrulyk bagtyndan, tagamyndan has ýokarydyr.

Häzir bolsa men saňa çyn arzuwlary saýlamagyň käbir usullaryny öwredeýin. Bir kagyz we galam getir-de, durmuşda amala aşyrmak isleýän 25 sany maksadyňy birin-birin ýaz. Sanawyň başynda gymmatbaha ulag, soňra deňze süsňäp duran willa ýazarsyň. Ýagşy, mylakatly ýanýoldaş ýa-da täsirli şahs bolasym gelýär diýibem ýazyber. Ýa-da durmuşym manyly, ähmiýetli bolsun diýibem ýazyp bilersiň. Näme isleseň, şony ýaz!

Bu kagyzy öňüňde goý we çuňňur pikire çüm. Soňra bularyň arasyndan ilkinji nobatda gazanyp biljek zatlaryňy – hasyl etmek mümkinçiligi ýokary, has oňaýly sebäpleri bolanlary ýokary geçirip başla. Has ähmiýetli we has zerurlaryny öňe süýşür. Şol maksatlara nähili ýetip boljakdygy hakda dürli sebäpleri pikirlen. Ine, şonda sendäki arzuwlaryň gaýmagy öz-özünden aýan bolar durar.

Indi bolsa hökman ýerine ýetirmeli işleriň başyna bar. Meselem, sanawyň başynda diplom almak durmy? Indi şol diploma nähili ýetip bolýandygy bilen gyzyklan: haýsy ýokary okuw mekdebine höwesli bolsaň, haýsy hünäre gol ýapmak isleýän bolsaň, öwrenýän, okaýan esasy zatlaryň hut şol ugra degişli bolsun. Özüňe gerekli maglumatlary tapmagy we toplamagy wagtlara böl. Ilkinji ädimiňi hut şu pursat

ýerine ýetirip başla. Soňa süýşürmek özüňi aldamagyň medeniýetli görnüşidir. Şeýle hem ilkinji ädimi ätmeziňden owal mazaly pikirlen. Arzuwlary hasyl etmek üçin ýeterlik sabyr-kanagat, tutanýerlilik we güýçli ynam hökmandyr.

Ine, şu ädimlerden, şeýle ýagdaýlardan soň, sen bir zada haýran galarsyň, anyk göz ýetirersiň: Eger-de arzuwlaryňa, maksatlaryňa erjellik bilen gol ýapsaň, onda älem-jahan durky-düýrmegi bilen şol işleri hasyl ederiň ýaly giň mümkinçilikleri açar. Amatly pursatlar yzy tükeniksiz zynjyrlar deýin peýda bolar durar. Näme üçin şeýle bolmasyn? Çünki sen öz ýoluny özi saýlap bilýän az sanly adamlaryň biri.

Gynansakda, öz geýjek eşigini özbaşdak saýlamaýan käbir adamlary tanaýaryn. Oňa gelişýän ýa-da gelişmeýän, ýaraşýan ýa-da ýaraşmaýan zatlary maşgalasy ýa-da dostlary salgy berýärler, «saňa şu gelişýär» diýip görkezýärler. Geýjek köwşüni özi saýlap bilmeýän adam, öz ýörejek ýoluny neneňsi saýlasyn?

Durmuşy öz arzuwlary bilen ýaşaýan adamyň durmuşy örän gyzykly. Mahlasy, başga adamyň arzuwy bilen döwran sürjek bolma. Özüň bolup ýaşa, öz arzuwlaryň bilen ýaşa!

Seniň durmuşyň öz isleglериň esasynda gurnalan bolsun. Arzuw-maksat babatda hergiz az zada – ownuk arzuwa kanagat etmegin. Şahyrlaryň birinde şeýle sözler bar: «Has köp zady amal edip bilýärkä, az zat bilen kanagat edip oturmak, ynsan üçin iň uly aýypdyr».

Her bir zat hakynda öz pikiriň, garaýşyň, öz maksadyň, arzuwyň bolsun. Sen daş-töweregiňi synla, köpçülikden nusga al, ene-atalaryň öwüt-ündewlerine gulak as, ýöne öz arzuwlaryň bilen ýaşa. Bu özüňi açmagyň, seniň hem bu dünýä üçin özboluşly bir nygmatdygyňy bildirmegiň iň ygtybarly ýoludyr.

## 7. MERSEDES MAŞYNYŇA ÝER TAÝÝARLA

Çendenaşa hyýalbentlikden ýüz öwrüp, hakyky durmuş bilen ýaşamagy eý görýärin. Akylyma we başarnygyma görä ýüzlenýän adamlar mende hormat duýgusyny döredýär. Şonuň üçinem aýdýan

käbir zatlarym saňa birbada geň görünmegi mümkin. «Haçandyr bir wagt satyn aljak «Mersedes» maşynyň üçin şu wagtdan ýer taýýarla» diýsem, ýüzüme çiňerilip seredersiň. Ynan, men oýun edemok ýa-da hyýallaryň üstünde uçup ýöremok. Bu ýerde saňa ýetirjek bolýan zadym, uly arzuwlaryňa örän uly ähmiýet bilen bakmalydygyny ýatlatmak isleýärin. Arzuw et, özi hem uly arzuw et, göz öňüne getir we garaş. Oňa ýetmegiň diňe wagta bagly. Arzuw edeniňde, özüňi wagtdan başga zada mätäç däl ýaly duý.

Meşhur suratkeş Maýkl Angelonyň şeýle sözleri bar: «Adamlaryň aglabasy hasyl etmesi kyn bolan uly arzuwlardan däl-de, juda aňsat ýetip bolýan ownuk-uşak aladalardan howatyr edýärler». Uly zatlary amala aşyrmaga gaýratyň, güýjüň, mümkinçiligiň barka, az zat bilen kanagat edip oturmak, pes we ownuk maksatlar bilen ýaşamak ynsana utançdyr. Arzuwlaryňa çäklendirme girizmek, üstesine-de durmuşymyzyň agramly böleginiň irde-giçde eden arzuwlarymyz esasynda ýüze çykýandygyny görüp, bilip durkak, bu seniň kanagatlydygyňy aňladanok. Maksatsyz ýa-da ujypsyz arzuwlar bilen ýaşamak adamzada abanýan howp-hatarlaryň biri. Hyýallarymyzda mesgen tutan zada az-owlak yhlas etsek, garaşanymyzdan has artygyny gazanyp bilýäris. «Beýle arzuwlary hasyl etmek asla mümkin däl, muňa ullakan güýç gerek» diýen ýaly pikirlere eýlensek, bu hem arzuwlara abanýan apatdyr. Egsik düşünje, ýaramaz çaklaýyş hemişe oňaýsyz netijelere alyp gelýär.

Aslynda, bu ýerde «Mersedesiň» özi hiç zady aňladanok, «Mersedes» bu ýerde siziň beýik arzuwlaryňyzy aňladýar. Belki, seniň iň beýik arzuwyň ähli gowy kitaplary ýat tutmakdyr ýa-da millioner bolmakdyr. Esasy zat, öňüňde aýdyň we kesgitli maksat goý. Maksatlaryňa ynan, olaryň hökman hasyl boljakdygyna, bu gün bolmasa ertir bir sebäp bilen ýüze çykjakdygyna ynan. Soňra seni şol ýere eltjek sebäpleri gözle, tap, ýapyş we öňe ynamly hem-de batly ädim ur.

Belki, sen henizem munuň näderejede ähmiýetli we aýdyňdygyna akyl ýetirýän dälsiň, emma ýadyňda bolsun, kiçi arzuwlary hasyl etmek üçin nähili yhlas we zähmet gerek bolsa, uly arzuwlary hasyl

etmek üçin hem şondan köp zat gerek däl. Ikisine sarp edilýän güýç des-deňdir. Şeýle bolsa, onda arzuwlaryň hörpi belentden gopsun.

Deň-duş ýazyjylarymda şeýle ýagdaýlara kän gabat gelýärin. Käbiri bar, ajaýyp bir eser, kitap ýazmakdan baş maksady özüni bagtyýar we üstünlikli duýmak üçin şondan müň nusgasyny satyp bilmek. Käbirleri bar, olar ýönekeý üstünligi ykrar etmeýärler, boýun bolmaýarlar. Tä öz kitabyndan 50 000 nusgasyny satýança aňy ynjalyk tapanok. Şularyň arasyndaky tapawut kitabyň içindäki pikir-garaýyşlaryň, maglumatlaryň täsirliliginde däl, olaryň gursaklarynda göterýän we şol kitap üçin siňdiren arzuw-yhlaslarynda, maksada okgunlylyklarynda, erjelliklerinde, tutanýerliliklerinde ýatyr.

Bir gezek kazylaryň birini Kerek şäherine sürgün edipdirler. Möhleti dolandan soň, ol öz iline gaýtmakçy bolupdyr. Kerek welaýatynyň häkimi oňa: «Bu ýerde gal, saňa köp-köp zat bereris» diýipdir. Kazynyň jogaby nagt bolupdyr: «Häkim, seniň welaýatyň meniň ylmymdan örän kiçi» diýipdir. Ol özüne gerek hajatlaryny tapyp, Müsüre rowan bolupdyr we şol ýerde alymlaryň soltany diýen derejä çenli barypdyr. Sebäbi bu adam öz öňünde anyk maksat goýupdyr we bu maksadyny az adamlara däl-de, has uly köpçülige niýetlän eken.

Gardaşym, nebis-jan rahatlyga we asudalyga, nämedir bir zada daýanmaklyga, arkalanmaklyga ýykgyn edegen zat. Beýik maksatlar birbada ony howpurgadar, gorka salar. Seni maksadyňy hasyl etmekden sowmaga synanyşar. Maksada barýan ýoluňda ýüze çykjak şowsuzlyklary göz öňüňde janlandyrmaga synanyşar. Hamala, öňüňde diňe keserip duran päsgelçilikler we müşgillikler bar ýalydyr. Şol wagt sen işýakmaz nebsiňi belent hümmetiň bilen pugta jylawla. Mertlik, gaýratlylyk senalary bilen ony gozgalaňa sal, oýar, seni herekete getirjek tutanýerlilik ýüküni arkasyna ur. Gardaşym, bu ýollarda seni maksadyňdan sowmaga synanyşýan we seniň mümkinçilige bolan ynamyňy gowşatmaga synanyşýan, adamlar, gürrüňsiz, gabat geler, öňüňden çykar. Sen olara asla gulak gabartma we olar bilen asla işiň bolmasyn. Sen diňe öz maksadyňy bir dem ýadyňdan çykarma.

Muhammet ibn Abi Amyr Kordowanyň emiri bolmagy arzuw edende bary-ýogy ýigrimi ýaşynda eken. Dostlary onuň bu arzuwynyň üstünden gülüpdirler, onuň bary-ýogy kölegede oturyp hat ýazýan kätipdigini ýatladyp, ýaňsylapdyrlar. Onuň arzuw edip biljek iň ýokary derejesi Kordowanyň saýaly köçeleriniň birinde gelen-gideniň, haýyş edeniň hatyny ýazyp bermekdigini we munuň üçin adamlardan dirhem ýa-da iki dirhem gazanyp biljekdigini aýdyp gülşüpdirler. Şol wakadan sanaýmalyja ýyl geçipdir we Muhammet ibn Abi Amyr diňe Kordowanyň däl, tutuş Ispaniýanyň – Andalusiýanyň emiri wezipesini eýeläpdir. Beýik ýeňişleri we ajaýyp üstünlikleri bilen taryha giren Amyryýýe döwletini esaslandyrypdyr.

## 8. «IL–GÜN NÄME DIÝERKÄ?!»

Sen mundan öň 18-40-60 diýen kada hakda heý-de bir zatlar eşidipmidiň? Ýok, bu gözelligiň ölçegi däl, bu ömrüň ölçegindäki kesgitleýji nokatlar. Has dogrusy, ömür menzillerindäki iň täsirli möwsümler. Sen on sekiz ýaşyňda özgeleriň, beýleki adamlaryň sen hakda näme diýýändikleri bilen çuňdan we çyndan gyzyklanýarsyň. Olaryň sen hakda aýdýan-goýýan her bir sözüne berilýärsiň. Näme diýýändiklerine pugta üns berýärsiň. Öz etmeli işiňden ünsüňi sowup, bu sözlerden olaryň matlap-pälini seljerýärsiň. Sen hakda nähili pikir edýändiklerinden biynjalyk bolýarsyň. Kyrk ýaşa ýeteniňde welin, özgeleriň sen hakda nähili gep-gürrüňe gümra bolandyklaryna pisint edeňok. Olara asla üns bereňok, gyzyklanaňok. Olaryň öwmesi ýa-da ýamanlamasy asla seniň perwaýyňa däl. Altmyş ýaşa ýeteňde bir hakykata akyl ýetirýärsiň. Ýyllar boýy ýanyňa hemra bolan, aňyňda göterip gelen iň wawwaly sowalyň: «Il-gün men hakda näme diýýärkä?» diýen pikiriň üznüksiz pikire öwrer derejede asla ähmiýetli däldigine, juda biderekdigine akyl ýetirýärsiň. Ine, 18-40-60 kadasynyň kesgitlemesi şeýle.

Öz maksatlarymyzy ähmiýeti babatda ikinji derejeli zada öwürmegimize özümiz günäkär. Munuň gözbaşy hem, başgalaryň özümiz hakdaky oý-pikirlerine gereginden artykmaç üns berýändigimiz. Her gezek başyna baran, ýerine ýetiren ýa-da hyýallanýan işimizi olara ýarap-ýaramaýandygy bilen ölçerjek bolsak, öz göwnümizi,

* 3. Sargyt № 975

ýürekde beslän arzuwlarymyzy gaýra goýsak, diňe töwerekden baha ýa-da dalda garaşsak, öňe ilerläp bilmeris. Hiç wagt hemme kişiniň göwnünden turjak iş edip bilmersiň. Ogly bilen bazardan gelýän Hoja Nasreddiniň kyssasyny ýatla. Hoja Nasreddin ogly bilen eşekli bazardan gelýän ekeni. Olaryň ikisi-de eşege artlaşyp münen ekenler. Bularyň şeýdip barýanyny gören birtopar adam: «Bulara serediň-ä, iki bolup bir eşege münüpdirler. Eşek janawara haýpyňyz gelsin» diýipdirler. Hoja Nasreddin ogluny eşekden düşürip, bir özi oturypdyr. Az salym ýöräpdirler. Öňlerinden ýene birtopar adam çykyp: «Muňa serediň, garry atasy eşegiň üstünde, körpe ogul bolsa pyýada barýar, heý-de, boljak zatmy?» diýşipdirler. Nasreddin eşekden düşüpdir we ogluny mündüripdir. Az salym ýöränlerinden soňra öňlerinden çykan ýene birtopar adam bu ahwalaty geň görüpdir: «Bulara serediň, ogly eşegiň üstünde, garry atasy bolsa pyýada barýar, heý-de, gelişýän zatmy?» diýşipdirler. Nasreddin ogluny eşegiň üstünden düşürip, ikisi hem eşegiň ýanyndan pyýada ýöräp gidiberipdirler. Biraz salymdan birnäçe adam bularyň ýoluny kesipdir: «Bulara serediň, eşegiň-ä üsti boş, adamlar hem ýanyndan pyýada ýöräp barýar. Nähili düşünjesizlik?» diýşipdirler. Hoja Nasreddin ogluna ýüzlenip: «Oglum, il-günüň her sözüne gulak asyp ýaşajak bolsaň, gaty kyndyr, iň gowusy öz bilýänimizi edibereli» diýipdir.

Aslynda, biziň näme maksadymyzyň barlygy, nähili hyýallary gursakda göterýändigimiz bilen özgeleriň işi-dahyly bolmaly däl. Ýöne ilçilik, her hili häsiýetli adam bar, özi ýagşy bir päli maksat edeninden geçen, gaýta tiňkesini gaýrylaryň hereketine dikip oturanlar setanda-seýranda gabat gelýär. Adamlaryň ýüreklerini gözden geçirip, barlap görseň, garaşylmadyk täsinlikler bilen gurşalarsyň. «Adam öz ýüreginde şunça zady nädip göterip bilýärkä?» diýen sowaly berersiň. «Beýle-de pikir edip bolýan ekeni» diýip, has-da geňirgenersiň. Daş-töweregiňi gurşan adamlar hem hil-hildir. Daşyndan dost ýaly görünýänler bardyr, asla seni indemeýänler bardyr. Emma dost ýaly görünýän käbirleriniň ýüregi bahyllyga eýlenendir. Saňa biperwaýdyr öýdýän käbir adamlaryň bolsa saňa ak ýürekden üstünlik arzuw edip oturandyrlar. Adamyň ýamany – özgeleriň büdremeginden ýüregine

teselli tapýan, kimdir biri ýykylsa begenýän, maksadyna gönügen adamyň orta ýolda eglenmegine heşelle kakýan adamdyr. Gynansagam, şeýle adamlar käteler alnymyzda ýa-da ýanymyzda peýda bolýar. Ýeri onsoň, sen öz geljegiňi, arzuw-maksadyňy şeýle adamlaryň pikiri, berjek bahasy, çykarjak netijesi esasynda gurnamak isleýärmiň? Ýagşy bolsun, ýaramaz bolsun, şol pikirler esasynda bir netije çykaryp, şondan soňra belli karara gelmekçimiň? Bu hemişe dogry çözgüdiň üstünden eltmez.

Elbetde, özgeleriň pikirini diňlemeli. Köpçüligi inkär etmeli diýen zat ýok. Olaryň aýdýan sözünden, edýän hereketinden niýetlerini duýmagy öwreniň. Özüňe diýilýän zatlary diňle, nesihatlar, tankytlar, ýüzlenmeler hakda oýlan. Olar hakda ymykly pikirlen, akyl eleginden geçir. Mundan soňra bir işi ymykly ýüregiňe düwdüňmi, maksadyňdan dänme, hiç kimsäniň pikiri-garaýşy seni ýoluňdan sowmasyn, yhlasyňy sowatmasyn. Özleri iş etmekden bizar, bikär oturanlar, maksatly ýöräp bilmeýän adamlar seniň badyňy bökdemesin.

Hezreti Pygamberimiz käbir adamlaryň özüne «mejnun» diýendiklerine üns beren bolsady, yslamyýet beýle ýaýrap-ýaýylmazdy. Emma onuň öz ýoluna, beýik maksatlaryna berk ýapyşyp, öňe hereket etmegi bize köp zatlary öwretdi. Özümize bähbitli gymmatlyklarymyzy we ýörelgelerimizi berkitmelidigimizi öwretdi. Bilmeýän we zatdan bihabar adamlaryň pikirlerine gulak gabartmaly däldigimizi öwretdi.

Köpimize mahsus ýagdaýlaryň biri – beýik maksatlara ýapyşanymyzda «özgeler näme diýerkä?» diýen sowal serimizden aýrylanok. Bir ädim ädýäris we töweregimize garanjaklaýarys – beriljek baha garaşýarys. Ýene ýöräbermeli welin, heniz şol ädimleriň bahasyny eşitmezden, öňe gidibermelidigine akyl ýetiremzok. Indiki ädimlerimizi, has dogrusy şeýle ädimlerden düzülýän tutuş geljegimizi özgeleriň pikirine baglap goýýarys. Bu käbirimiz üçin bejerip bolmajak, geçip bolmajak päsgelçilik, böwet ýaly bolup görünýär. Şol duýgulardan saplanyp bilsek, has uly işleri wagtynda bitirmäge gaýratymyzam, güýjümizem azlyk edenok. Şeýle pikirlere garşy durdugymyzça, üns bermedigimizçe, biz şonça-da beýik bolarys.

Akyl taýdan özbaşdaklyk we özgeleriň täsirine berilmezlik, işe ilgeziklik – arzuw-maksatlaryňy hasyl etmek üçin iň ähmiýetli zatlaryň biridir. Eger-de seniň ynamyň we pikirleriň, şeýle hem arzuw-umytlaryň berk, aýdyň we mäkäm esaslarda gurnalan bolsa, ol galdaw häsiýetler saňa täsir etmez. Bu ruhy binýat ýüregiňizde şek-şübhe, ikirjiňlenme, ünji peýda bolan pursady we özgeleriň tankydyna uçran wagtyňyzda olaryň garşysyna melhem bolup hyzmat eder.

Stolumyň üstünde şeýle ýazgy dur. Muny durmuş tejribelerinden netije çykaran bir akyldar hut bize niýetläp aýdan ýaly: «Ýuwaş-ýuwaşdan ýokary galmagyň esasy ýoly özüňi mümkin bolan ýollar bilen ösdürmekdir. Seni ösüş ýolundan alyp galmaga synanyşýan, böwet bolýan adamlardan zeýrenmezlikdir. Diňe öňe seret! Awraam Linkoln».

## 9. ŞOWSUZLYK GORKUSY

Saňa birnäçe sowal: «Şowsuzlykdan gorkýarmyň? Işiň ugrukmazlygyndan howatyrlanýarmyň? Bir zatda işim ugrukmaz öýdüp, synanyşyp görmekden gaça durýarmyň?». Eger-de sen «hawa» diýip jogap berseň, onda seniň öňüňde, dogrudanam, ullakan böwet, päsgelçilik peýda bolar we sen aglaba şeýle halatda arzuwlaryňy hasyl edip bilmersiň.

Şowsuzlyk gorkunç zat däl. Şowsuzlyk üstünligiň ganatydyr, ruhudyr, barlygynyň jöwher janydyr. Durmuşda haçandyr bir wagt büdremedik ýa-da agsamadyk adamy hiç wagt görmersiň. Işi rowaç adamlaryň ählisi hem şowsuzlyk tagamyny dadyp görendirler. Hiç bir adam Allanyň kesgitlän bu durmuşynda: «Bu ýolda üstünlik hemişe meniň hemram boldy» diýip, aýtmaga milt edip bilmez.

Şowsuzlyk – her birimiziň taplanmagymyz üçin tejribeler toplumy. Ol dogry ýolundan sowlan we egrelen maksatlarymyzy düzedýän zat. Üstünlik üçin düýp esas we özen.

Beýik Britaniýanyň öňki premýer-ministri Uinston Çerçill üstünlik hakda söz açanda: «Bir şowsuzlykdan başga bir şowsuzlyga ynamyňy, yhlasyňy ýitirmän geçip bilmek hem üstünlikdir» diýip belleýär. Ol şowsuzlygy üstünligiň esasy serişdeleriniň biri hökmünde

görýär we şowsuzlyk bolmazdan üstünligiň kämil bolmaýandygyny, şowsuzlyk bolmasa üstünligiň sap tagamyny duýup bolmaýandygyny nygtaýar. Ýöne beýle diýildigi şowsuzlyklara kaýyl bolup, arkaýyn oturmalydygymyzy aňladanok.

Bir zada aýratyn ähmiýet ber: nämedir bir zady döretmegi, ýasamagy, ýerine ýetirmegi ýüregiňe düwseň, şol ýerde şowsuzlygyň hem peýda bolup biljekdigini unutma. Esasanam, has gowy tarapa özgermegi ýüregine düwen – özgeriş heňini çalýan adamyň hut ýanynda şowsuzlyk bukulyp durandyr.

Iň ýönekeýi adaty durmuşy alyp göreliň. Her gezek gujurly, işeňňir, işewür boldugyňça, artykmaç işläp, zyýada hereket etdigiňçe, gaýrat etdigiňçe, her gezek hem säwlikler, hatalar ýüze çykyp biler. Ýöne özüne, jemgyýete, il-güne haýry bolmadyk adamlar ýata suw mysaly. Diňe şolar, ýagny işlemeýän, jan etmeýän adam ýalňyşanok. Ýöne bu ýagdaý onuň tutuş ömrüniň ýalňyşlykdygyny, hatadygyny, günädigini görkezýär.

Şowsuzlyga iň mynasyp gaýtawuly hiç bir halatda umytdan düşmeýän we her neneň bolsa-da, hemişe üstünlige ymtylýan adam berip bilýär. Şowsuzlygyň garşysyna iň jaýdar hereket öz maksadyň üçin gaýta-gaýta synanyşmakdyr, erjel we tutanýerli bolmakdyr. Ýeňip geçmek, üstün çykmak üçin şol şowsuzlygyň sebäbini öwrenmekdir. Sebäbini bileniňden soňra, onuň alajyny, çözgüdini tapmak aňsat we arzan düşýär.

Gynansak-da, birnäçe adam duçar bolan sähel şowsuzlyklary zerarly dyza çökdi, ýan berdi. Ugrukmadyk işi üçin lapykeçlige, göwnüçökgünlige özlerini aldyrdy. Netijede, synanyşyk we amal gapysyny baglap goýdular. Maksatlaryndan ýüz öwürdiler. Ine, şeýdýänler hakyky şowsuzlardyr. Pikir edip görüň, hut şeýle ýagdaý zerarly dünýä ýüzünde milliardlarça asylly maksat ýola goýulman galýar.

Şeýle şowsuzlaryň köpüsi birje hakykatdan bihabar galýarlar: olar şowsuzlyga boýun egip, saklanmagy, bes etmegi ýüregine düwen pursatlary hakyky we beýik üstünligiň bary-ýogy bir ädim bärsinde ýa-da edil alkymynda durdular. Üstünlige bary-ýogy bir ädim galypdy...

Biziň däp-dessurlarymyzda, ynanç-ygtykatymyzda işe yhlasly ýapyşmak babatda ajaýyp ýörelgeler bar. «Eger-de ýagşy bir işi ýüregiňe düwüp, hasyl etmek üçin ugruna çyksaň, ýalňyşaýan halatyňda hem bir sogap ýazylýar, berjaý etseň welin, iki esse ýa-da şondan hem köp sogaba eýe bolýarsyň».

Bu ýörelge, däp-dessur ynsanlary maksada okgunly, gaýduwsyz, tutanýerli we erjel bolmaga, gaýta-gaýta synanyşmaga höweslendirýär. Bir zat bilen olary arkaýyn edýär: olaryň bu ýoldaky zähmet-yhlaslarynyň birjigi-de boş galmaýar. Sebäplere daýanmak we ädimlerini dykgatly öwrenmek şerti bilen, hatda ýalňyşlyklary üçin hem sogap ýazylýar. Diýmek, hiç bir zähmetiň köýmeýär.

Birdenkä säwlige uçrasaň ýa-da ýalňyşsaň, durmuş deňzinde ömür gämisi bilen ýüzüp barýarkaň gaý-tupanlar bilen ýüzbe-ýüz durmaly bolsaň, seriňi eýelän we «gorkana goşa görkezýän» gaýgy-gamdyr howsala-dowullardan, bimany ünji-aladalardan dessine saplan – ýene-de öz ýöremeli ýoluňa düş. Her zatda haýyr bar.

Işimiziň ugrukmaýan, ýerinden gozganmaýan, öňe ilerlemeýän pursatlary nämeler edip bileris? Käteler ýöreýän uly ýolumyz şowsuzlyk ýodalaryna sapsa, ondan aman-esen aşmak üçin aşakdaky häsiýetler, hereketler bize peýda berip biler:

*1. Şowsuzlyk seniň şowsuz, işi ugruna bolmaýan adamdygyňy aňladanok.*

Şowsuzlyga uçranyňda gynanmak, işiň ugrukmadyk wagty alada batmak adaty tebigy zat. Ýöne oňaýsyz pikirlere we ýakymsyz duýgulara özüňi eýeletmezlik has möhümdir. Alada-ünjülere artykmaç üns berseň, olar boýnuňa oralyp, dem almagyňa päsgel berer. Ýalňyşlardan, säwliklerden netije çykarmak üçin özüňden hasabat soramak bir başga zat, bolup geçen zatlar üçin özüňi köteklemek, ýazgarmak, gam deňzine çümmek aýry bir zat. Özüňi nalaçlykda, kelesaňlykda, hiç zady oňarmaýanlykda aýyplamak düýbünden ýalňyş hereketdir. Hadyslarda «Hiç kimse özüne kembaha garamasyn, özüni peseltmesin» diýilýär. Hemişe her bir zadyň gowy tarapynyň bardygyny unutmaly däldir.

*2. Şowsuzlyk seniň şol işi başarmaýandygyňy aňlatmaýar.*

Mysal üçin, durmuş gurmakda şowsuz ädimler seniň şowsuz ýanýoldaşdygyňy, geljekde durmuş meselesinde üstünlik gazanmajakdygyňy aňlatmaýar. Bir işde birbada işiň ugrukmazlygy seniň şol ugra – şol işe mynasyp däldigiňi, hakly däldigiňi görkezenok. Ýa-da bu ýagdaý seniň başga iş gözlemelidigiňe yşarat etmeýär.

Asla beýle däl... tejribelerdäki, iş ýüzündäki şowsuzlyklar, alasarmyk şol ýagdaýlar seni has eserdeň, ünsli bolmaga iterýär. Sen öňki ýalňyşlyklaryňa bataryn öýdüp asla howatyrlanmaly däl, çünki seniň toplan tejribeleriň öňküden bir ädim däl-de, on ädim öňe ilerlemäge mümkinçilik berýär.

Ýöne bir şerti bar, sen öňki goýberen säwlikleriňden, gözden sypyp galan hereketlerden many alyp, netije çykarmalysyň.

*3. Ýol saýlamakdaky şowsuzlyk bilen maksat saýlamakdaky şowsuzlygyň arasyny aç.*

Käbir adamlar maksatlaryna barýan ýolda bir şowsuzlyga uçrasalar, olar derrew maksatlary babatda ikirjiňlenip başlaýarlar. Aslynda, bar mesele, müşgillik maksatda däl-de, şol maksada ýetmek üçin saýlanyp alnan ýolda. Ine, şu düşnüksizlik, bulam-bujarlyk hem adamyň ýüzbe-ýüz bolýan iň hatarly zadydyr. Sebäbi ol bir maksatdan başga maksada göçüp-gonup ýörmäge iterýär we ömrümiziň köp bölegini bihuda sarp etmegimize sebäp bolýar. Isleýän zadymyz babatda pikirlerimiziň dagynyk, pytraňňy bolmagyna getirýär. «Näme isleýändigimizi hem bilmeýäris» diýen bahana duwlanýarys. Aslynda welin, biz isleýän zadymyza eltýän başga bir ýoly gözlemäge, öwrenmäge mätäçdiris. Munuň üçin maksatlara şübhelenip bakmak nädogrudyr.

*4. Seret, şowsuzlyk seniň ömrüňden hiç zat ogurlan däldir.*

Haýsydyr bir işe gümra bolup geçiren günleriňe, ýöne munuň üçin gazanmadyk üstünlikleriňe gözýaş döküp ýörme, aglamaga endik etme. Sen häzirlikçe maksadyňa ýetmedik hem bolsaň, gazanan zatlaryň örän gymmatlydyr – seniň tejribeler sandygyna goşan – öwrenen zatlaryň, ynanaý, gymmatyny baha bilen kesgitläp bolmajak zatlardyr. Aslynda-da durmuş tejribeleriň toplumydyr. Resulalla hezretleri hemişe bizi şu sözler bilen ruhlandyrardy: «Işler ahyryna,

netijesine görädir». Ahyryna göz aýlamak, nusga almak gerek. Bir günde bolmasa-da, bir gün bolar.

*5. Şowsuzlyk seniň şowsuzdygyňy aňlatmaýar.*

Geň görme, şowsuzlyk bu şowsuzlyk şahadatnamasyna eýe bolandygyňy aňladanok. Ol dünýä ýüzüniň saňa barmagyny çommaldyp, töhmet atyjylyk nazary bilen bakýandygyny aňlatmaýar. Seni inkär edijilik we saňa şübheli garaýyş bilen seredýändigini hem aňlatmaýar.

Ol mundan soň hemişe biabraýlyk dony bilen kanagat etmegiň saňa ýazgytdygyny, galan ömrüňi işi şowlamaýanlaryň hatarynda geçirmelidigiňi aňlatmaýar, asla beýle däl...

Bir şowsuzlyk... ol diňe synanyşyk, ol diňe tejribe. Ol heniz ahyrky we gutarnykly netije däl... ol wakalaryň ýüze çykýan ýeri, ýöne uruş-jeň ýeri däl... ol indikä geçiş nokady, ol iň soňky öwrüm däl... Maňa ynan, öňüne şowsuzlygyň kölegesi düşmese, üstünligiň şuglasy göz gamaşdyryjy bolmaz.

Mahlasy, ondan öwrenýän zatlaryň bilen şowsuzlykdan lezzet almagy öwren. Lapykeçlik we şowsuzlyk pursatlarynda çuňňur oýlan hem-de şol tümlügiň içindäki tutuş ömrüňi (ömür ýodalaryny) nurlandyrjak ýagtylygy görmäge, duýmaga döwtalap bol.

Hakyky şowsuz adam sähel şowsuzlykdan soňra indiki synanyşykdan sowaşýan we göwnüni çökerýän adamdyr. Aslynda üstünlik galasynyň esasy kerpiçleri şowsuzlyk we ugursyzlyk kerpiçlerinden ybaratdyr.

Jon Çarlzyň şowsuzlyk hakda aýdan bir sözi bar: «Şowsuzlyk iki hilidir: birinjisi, pikirini edýäň, emma oňa ýeterlik we yzygider amal edeňok. Ikinjisi, öňünden pikirini etmän, nähilidir bir zada amal etmekçi bolýaň...».

## 10. DURMUŞA BARMAK ARASYNDAN BAKMA!

Sen gorkakmy?

Belki, bu soragym saňa juda gömelteý eşidilen bolmagy mümkin. Has giňişleýin aýtsam – eger-de durmuşyňda nämedir bir zady şu wagtkysyndan has gowulyga tarap üýtgetmekçi bolanyňda, üýt-

getmegi ýüregiňe düweniňde, nähilidir bir gorky-ürkini, çekinjeňligi duýýarmyň diýdigim.

Bir zady ýa-da ýagdaýy üýtgetmek islänimizde ýa-da öň öwrenişmedik zadymyzyň başyna barmagy pikir edenimizde nähili-dir bir gorky-ünjiniň bizi gaplap almagy tebigy ýagdaý. Töwekgellik artdygyça birahatlyk hem güýçlenýär, gorky hem ulalýar.

Psiholog lukmanlaryň aýtmaklaryna görä, gorky – ýüze çykyp biläýjek howp-hatarlardan (şolary gozgaýan zatlardan, sebäplerin-den) goraýan zat, emma käbir halatlarda ol ösüşiň öňündäki esasy päsgelçilik we böwetdir. Artykmaç gorky işe yhlasly ýapyşmaga, zäh-met çekmäge, öňe ilerlemäge päsgel berýär. Şeýle ýagdaýdan halas bolmak we ol gorkyny bejermek mümkindir.

Öňden bar bolan zady üýtgetmek isleýän adama her-hili ýakymsyz (otrisatel) we göwnüçökgün duýgularyň esger kimin hüjüm edýändigi subut edilen zat. Şeýle oňaýsyz pikirler ony maksat--myradyny hasyl etmekden alyp galmaga synanyşýar. Şolaryň has möhümleriniň biri hem gorky duýgularydyr. Gorky adamy ýesir edýär. Ýaramaz nebsine bat berip, duýgularyna hökümini ýöredýär. Eger-de gorkusy rüstem gelse, ol adam hasrata çümýär, ünji, çekinjeňlik, birahatlyk duýgulary-na şam bolýar. Gowy zatlar hakda pikir ýöredip bilenok. Älem-jahany tümlüge gark bolan mysaly kabul edýär. Dünýäni barmaklarynyň ara-syndan synlap başlaýar. Çünki biz näbellilikden şeýle bir gorkýarys. Täze gapylary kakmakdan çekinýäris. Öňki bilýän we öň öwrenişen zatlarymyza ýa-da öň köpleriň synap gören zadyna ýapyşanymyzy eý görýäris.

Emma garadangaýtmaz, ýürekli, maksadaokgunly adamlar ömrüň bir gezek berilýändigini we ol ýerde ikinji ömre pursat ýokdu-gyny, bu ömri gorky-ürkä gaplanyp ýaşamaly däl-de, şol näbelli zat-lara hem dokunyp görmegi, täze tejribelerden lezzet alyp ýaşamagy, töwekgelçiliklerden we her täzeçillige ýürekli topulmakdan lezzet alyp ýaşamagy eý görýär. Munuň üstesine amerikan ýazyjysy Mark Twen biziň her birimize juda ähmiýetli bir maglumaty habar berýär. Ol uzak we asuda ömür sürüpdir. Ýüreginde bolsa ençeme dowul, howatyr bar eken. Ýazyjynyň aýtmagyna görä, onuň kalbyna dolaşan

gorkularyň hiç biri hem hasyl bolmandyr. Ol bize biziň has erbet gorkýan zatlarymyzyň hiç wagt başymyza gelmeýändigini, biziň şol gorkulary görmezden dünýäden ötüp gidýändigimizi nygtaýar.

Biziň içimizdäki nebis hemişe bizi nähilidir bir howsala, gorky bilen gurşaýar. Biziň köpimiz hereket edýäris we kellämizde hem iň ýaramaz zatlaryň ssenarisi dur. Şol ýaramaz ssenariler hem biziň gündelik durmuşdaky kararlarymyza täsir edýär we geljegimiz üçin kabul edilmeli möhüm çözgütleriň öňüni, badyny alýar.

Ähmiýetli durmuş kadalarynyň ýene birini ýaňzydaýyn, üns ber – üstünlik hiç wagt sowgat berilmeýär. Üstünlik gazanylýar. Ony göreşip, çekip almaly.

Sen iki sany ýagdaýyň birini saýlamaga borçly: ýa-ha adaty ynsan (belki adatylykdan az-kem tapawutlysyň) bolup, aman-asuda ýaşa, ýa-da beýik adam bolup, töwekgelçilik edip, kynçylyklary ýeňip geç-de, has ajaýyp durmuşda ýaşa! Isle barmak uçlarynda ýöräp, daraklygyňa basyp, «ýer birden jygyldaýmasyn, dünýäniň nazary maňa gönügäýmesin» diýip, gorky-howsala bilen ýaşa ýa-da sesiňi beýgeldip, bardygyňy subut edip, özüňi ykrar etdirip, durmuşda batyrgaý we şadyýan ýaşa!

«Baý kaka, garyp kaka» atly ajaýyp eserinde Robert Kiosaki şeýle ýazýar: «Garyplaryň toparyndan baýlaryň hataryna goşulmak üçin beýnimizi garyplaryň pikir-düşünjesinden, olaryň pikirleniş ukybyndan we durmuşa bolan garaýşyndan halas edip, baýlaryň pikir ýöredişini we özlerini alyp barşyny öwrenmeli, şol esasda ýöremeli. Iň möhüm zatlaryň biri töwekgelçilik etmekden saklaýan ýerliksiz gorkudan saplanmakdyr. Şol gorky adamlary şowsuzlyk toruna, ugursyzlyk çeňňegine daňyp, baglap, asyp goýýar. Şeýle adamlar arkaýyn asuda we aňsat zada ýapyşýarlar hem-de hemişe örän az zat bilen kanagat edip ýaşaýarlar...

Adamlaryň aglabasy öz maksatlaryny ujypsyz (minimal) derejede hasyl etjek, üpjün etjek ýoly saýlap tutýar. Durmuş ýollarynda sähelçe howp-hatara düşjegini syzsa, töwekgelçilikli öňe okdurylmaga beýlede dursun, gaýta maksatlaryna şübhelenip başlaýar.

Howp-hatar görseň, gözsüzbatyrlyk bilen okduryl diýemok, ýa-da hemişe alada-birahatlyk içinde ýaşa diýjek bolamok. Ýöne bir zat hemişe ýadyňda bolsun – eger-de sen beýik maksatlara, belent arzuwlara beslenen döredijilikli, oýlaptapyjylykly adam bolmagy ýüregiňe düwen bolsaň, unutma, howp-hatar, gorky-ürki, birahatlyk ýaly zatlar hem saňa hüjüm eder durar. Bu gorkular seniň maksadyňa çynlakaý ýapyşyp-ýapyşmandygyňy bilmek üçin bir synagdyr. Hemişe taýýarlykly we hemme zada taýyn bol!

Mahlasy, her bir üýtgeşikligiň, özgerişiň saňa birnäçe ýadawlyklary tirkäp geljekdigini bil, ýöne olardan gorkma. Olara garşy biliňi berk guşa. Ruhy taýdan taplanan, taýýarlykly bolsaň, olary ýeňip, geçip gitmek müşgil zat däl. Özüňi işeňňirleriň hatarynda, işewürleriň toparynda görmek isleseň, her bir işe jogapkärçilikli çemeleş. Gorkynyň özüňi eýelemegine pursat berme, ýogsam, beýik adam bolmaga ukybyň we mümkinçiligiň barka, ýönekeý adamlaryň biri bolup galarsyň.

Ýazyjylaryň biriniň gorky we ikirjiňlenme hakda aýdan bir sözi bar: «Şübhelerimiz hemişe bize hyýanat edýärler. Olar synanyşmak arkaly gazanyp biljek mümkinçiliklerimizi, haýyrlarymyzy elden gidermegimize getirýär».

## 11. ÜSTÜNLIGIŇ BAHASYNY TÖLE

Beýik sahabalaryň biri Suheýb ar-Rumy Resulalla hezretleriniň ýanyna barmak üçin Mekgeden Medinä göç etmegi ýüregine düwende, kuraýyşyň betpälleri ony yzarlap, ýol ugrunda bir ýerde gabapdyrlar. Suheýb şol ýerdäki dag aýrydynyň bir ýerinde bukulyp, penalanyp başlapdyr. Ol ýaý atmaga örän ezber bolansoň, duşmanlarynyň hiç biri munuň golaýyna barmaga milt etmändir. Ony ele salmak tamasyny ýitirenlerinden soňra, iň bolmanda mal-mülküne eýe bolmak höwesi nebislerini odukdyrypdyr. Niýetini tersine düwen betpäller: «Ähli emlägini, mal-mülküni taşlasa, öz ugruna goýberjekdiklerini, ýogsam, gitmäge idin bermejekdiklerini» aýdypdyrlar. «Sen aramyza geleňde, ýer urup, ýerde galan garyp bolandyň. Ýanymyza geleniňden

soň, rysgyň açylyp gitdi, baýlygyň artdy. Aramyzda iň uly baýlaryň birine öwrüldiň. Indi seni şol baýlygyň bilen goýbermejekdigimiz hak» diýşipdiler.

Suheýb olara hazynasynyň, mülküniň gömlen ýerini salgy beripdir. Gömülgi genjiň salgysyny eşiden betpäller, ony şol ýerde taşlap, hazynany talamaga gidipdirler. Suheýb hem sag-salamat Medinä aşypdyr we dessine Pygamber hezretleriniň huzuryna barypdyr. Bolan wakalary gürrüň beripdir. «Bu-da bir söwdadyr. Söwdaň oňuna bolsun, Suheýb» diýip, Pygamberimiz dillenipdir. Suheýb öňünde goýan maksadyna ýetmek üçin ähli baýlygyny, malyny, hazynasyny berdi. Ol isleýän zadyny gazanmak üçin gelen bu geleşiginde bir sekunt hem, birjigem ikirjiňlenmedi.

Her bir üstünligiň özboluşly bahasy, töleg nyrhy, gymmaty bar. Parhy ýok, ol üstünlik maddy, edebi, jemgyýetçilik ýa-da ahyrete dahylly üstünlik bolaýsyn, hökman bahasyny ödemelidiris. Eger-de üstünlik mugt ýa-da mugta ýakyn bir zat bolsa, her bir işýakmaz, ýalta, biweç adamlaram ony islän çagynda gazanardy. Der dökmezden alardy.

Işewürlik dünýäsinde adygan, girdejisi, gazanjy bilen beýlekilerden bir ädim öňe düşmegi başaran adamlaryň ählisi diýen ýaly şu hakykaty tekrarlaýar: üstünligiň bahasy bar, ony gazanmak üçin öňürti şol bahany hökman ödemegiň gerek.

Agynjak zehiniň we gudratyň özi hasaplanylýan tanymal suratkeş Maýkl Angelo üstünlik hakda oý-hyýallara çümýänlere, ukyp-başarnygyň ýüze çykmagy ýa-da bagtyň çüwmegi üçin üstünlik gerek diýýänlere şu zady maslahat berýär: «Üstünlik üçin harç eden yhlasymy bilsediňiz, üstünlik üçin ýerine ýetiren zähmetlerimi görsediňiz, Maýkl Angelo bolmak üçin nähili çytraşandygymy göz öňüne getirsediňiz, meniň başarnygym size asla geň zat bolup görünmezdi. Sisten ybadathanasynyň gümmeziniň iç ýüzüne surat çekmek üçin dört ýyllap arkanlygyna ýatyp-turdum, ukymy şeýdip aldym» diýipdir.

Muhammet Abu Terike Müsüriň we tutuş arap dünýäsiniň ençeme ýyllap meşhur türgeni bolmagy başaran adam. Ol ähli arap dünýäsiniň berekellasyna, söýgüsine, hormatyna mynasyp boldy. Adamkärçiligi, erjelligi we tutanýerliligi bilen jemgyýetiň hem-de milletiniň gyzyklanmasyna dogry bakyp bilýändigi bilen şol mertebä eýe boldy. Bir gezek men ondan bu artykmaçlygynyň syry hakda soranymda: «Dogrusy, men üýtgeşik zat edemok. Meniň edýän her bir zadym meniň hökman edäýmeli zatlarym. Türgenleşik döwründe özümden ödelmeli yhlasy, erjelligi ýerine ýetirýärin, tälimçilerimiň görkezmelerini gyşarnyksyz we doly kämil ýerine ýetirmäge çalyşýaryn, şeýdibem, tomaşa etmäge gelýän janköýerleriň hormatyny gazanýaryn» diýip jogap berdi.

Ewerest dagynyň çür başyna çykan ilkinji müsürli Omar Sümre. Bir gezek onuň bilen bolan duşuşykda Ginnessiň rekordlar kitabyna ýazylan bu batyrgaýlygy we muny başaran ilkinji müsürli hökmünde taryha girmegi bilen gutlap, muňa nähili hötde gelendigini soradym. Ol maňa şu hakykaty äşgär etdi: «Ewerest dagynyň depesine iki hepdede çykdyk, ýöne munuň üçin ilki dört ýyllap taýýarlandyk». Ol göz öňüne getirişinden has agyr bolan pursatlar hakda hem gürrüň berdi. Muňa garamazdan, üstünligiň iki ädim bäri ýanynda durkaň, maksatlary hasyl etmekden, doly amala aşyrmakdan saklanmazlyk gerekdi. Ol hyýalynda göterip gezen dag belentligine dyrmaşmak meselesinden birjik dänmedi. Üstünligiň bahasyny öňünden töleseň – taýýarlygyň, taýynlygyň we laýyklygyň kämil bolsa, orta ýoldan yza gaýtmak gelşiksiz ahyry.

Doktor Nebil Faruk – arap edebiýatynda ýaşlaryň söýgüli gahrymany, arkadaýanjy, Ýakyn Gündogarda aňtawçylyk edebiýatynyň öňbaşçysy. Ol bir gezek şeýle gürrüň berdi: «Bir maksady ýüregime düwdüm, ýöne munuň ummasyz tölegi bardy, ödemegim borçdy. Eger-de men üstünlige ymtylýan bolsam, maňa üstünlik gerek bolsa, men şol tölegi ödemelidim. Ýogsam, göz öňünde tutan işimi hasyl edip biljek däldim. Ahyry bellibir karara geldim. Öz islegim boýun-

ça saglyk ministri wezipesinden boşadym we adaty lukman bolup işlemegi ileri tutdum. Işimiň daşyndan göz öňünde tutan maksadyma amal ederim ýaly boş wagtlarym tapyldy. Edebiýat bilen has içgin gyzyklandym we owaldan ýürekde lowlap duran islege ot berdim – elime galam aldym we eser ýazyp başladym. Öňümde goýan beýik maksadyma ýetmek üçin wezipämden meýletinlik bilen ýüz öwürdim. Ýogsam, lukmançylyk ugry şol wagt hem adamzada bähbitli we girdejili hünärleriň biridi».

Edara ediş-dolandyryş işleriniň ussady hasaplanylýan Stiwen Kofi hem şu sözleri tassyklaýar: «Maddy, mal-mülk ýa-da amaly üstünlik gazanan adamlaryň ählisi biragyzdan ykrar eder: üstünlik gazanmak üçin ilki akylyňy işlet, soňra şol ugurda der döküp işle. Üstünligiň bahasyny öňünden we doly-kämil tölemegiň gerek. Üstünlik üçin iň gysga ýol şundan ybarat».

Üstünligiň bahasyny tölemäge sen şeýle bir borçly, şeýle bir mejbursyň. Tölegiň görnüşleri dürli-dürli bolup biler: şol ugra degişli zatlary köp okamalysyň, köp maglumat toplamaly bolarsyň ýa-da ýadawlygy ýada salman, dynç gerek diýip göwün bölmän, irginsiz we yzygider işlemek hem bolup biler. Belki, häzirki iş ornuňy üýtgetmegiň gerekdir. Täze tanyşlyklar, dostluklar zerurdyr. Garaz, her üstünlik üçin nämeleri näçe mukdarda tölemelidigini, neneňsi yhlas-tagalla etmelidigini bilmegiň we berjaý etmegiň gerek. Hernäçe arzuw-maksada eýlenseňem, hal-ýagdaýyň öňki bolşundan üýtgäp gitmeýän bolsa, diýmek, seniň bu ugurda ýeterlik alada ýa-da dogry hereket etmeýänligiňi aňladýar.

Öňüňde goýuljak üstünlik tortunyň tagamy we göwrümi – seniň tölän bahaňa, muzduňa, ýagny sarp eden yhlas-zähmetiňe bagly bolar. Gorkaklar, çekinjeňler üýtgeşik zat gazanyp bilmezler. Rahatlyk, arkaýynlyk bilen üstünligi utgaşdyrmak isleýän adamlar haýpygelijilikden başga zat tapmazlar. «Yhlaslary» puç bolar.

Özüňe berlen akyl-zehini peýdalanyp, öňde goýan maksatlaryňda üstünlige ýetesiň gelýän bolsa, ýaltalyga iterýän aldawçy duýgulara,

salgymlara boýun egmän, töwekgellik bilen ähli gorky-ürkini dep edip, batyrgaýlyk bilen öňe ýöre. Hereket et we gazan!

Üstünlik hergiz mugt däldir. Her üstünligiň bahasy bardyr we onuň bahasyny hemişe öňünden tölemelidir. Üstünlik karzyna gazanylmaýar. Yhlasyňa, ýadawsyzlyk bilen çeken zähmetiňe, gaýratyňa, sabryňa görä hem sowgat-serpaý, sylag we miwe – gadyr gazanarsyň.

## 12. BARABAR BÄHBITLERI PEÝDALANMAGY BAŞAR

Futbol çempionatynda bir düzgün bar – çempion bir bolmaly. Edil kazyýetde bolşy ýaly, dawalaşýan taraplaryň haýsy hem bolsa biri ýeňmeli we beýlekisi ýeňilmeli.

Bu käbir adamlaryň düşünjesinde hut şeýle. Ýogsa-da, durmuş, dogrudanam, hiç hili deňligi bilmeýän, diňe bir tarapyň utup, beýleki tarapyň utulmagy bilen tamamlanýan futbol oýnumy ýa-da kazyýet derňewi?

Eýsem, adamlar «Meňki bitsin, seňki ýitsin» diýen pikire uýup ýaşamalymy? Bu gün biri, ertir ýene biri ýeňiş gazanybersin diýen pikir bilen gezmelimi?

Aslynda, durmuşdaky üstünlik gazanyş we ýitgi-hasrat babatdaky barabarlyk hem-de tapawut adamlaryň öz esaslandyrýan ynançlaryndan gözbaş alýar. Käbir adamlar özünden gaýry kişä pisint etmeýär we özgeleriň bähbidi, aladasy asla perwaýyna däl. Käbir adamlar bolsa, hatda özüniň zyýanyna galyp, beýleki adamlara haýyr-sahawat, ýagşylyk etmäge ymtylýar. Ýene bir topar adamlar bar, olar özlerine bähbit geljegini, bir zat gazanjagyny anyk bileninden soňra gymyldap, gybyrdanyp başlaýarlar.

Dolandyryş, edara ediş ylymlary boýunça ussat professor Stiwen Kofi «Oňyn täsir edýän adamlaryň ýedi endigi» atly ajaýyp eserinde, aslynda, deň ähmiýetli, barabar gatnaşyklary peýdalanmagyň alty usuly bar diýip belleýär. Göreliň, bu gatnaşyklary kim nähili peýdalanýar:

**Men gazanýaryn/sen ýitirýärsiň:** Bu düşünjä uýýan adamlaryň pikirine görä, durmuş düýbi-teýkary bilen bir oýun. Bu oýunda bir

tarap ýitgi çekmese, beýleki tarap gazanyp bilenok. Bu zeýilli adamlar bet pygyldan, ters hereketden gaýtjak adamlar däldir. Olar beýleki tarapy utmak üçin – özleri ýeňmek, gazanmak üçin her zady etmäge taýýar.

**Men ýitirýärin/sen gazanýarsyň**: Seniň «beýlekileriň gazanmagy üçin özüni pida edýän adamlaram bolarmy?» diýip geňirgenmegiň hem mümkin. Ýöne gynansak-da, şeýle adamlar bar. Käbir ýagdaýlarda adamlar özlerini hut şu ýörelgä laýyk alyp barýarlar. Güýçli göwnüçökgünlik, üstünlige bolan umydyň doly üzülmegi, özüňi gaýgy-gamlara ýesir etmek, öňe ymtylmaga islegiň bolmazlygy, özüňden, töweregiňden, ýaşaýan dünýäňden göwnüň geçmegi, ýerliksiz yrymlara çendenaşa berilmek, gaýratyňa galyp bilmezlik... – bularyň ýitiren saglyklaryndan lukmanlar, tebipler, palçy-porhanlar we käbir özüni bilýän adamlar köp zat gazanýarlar. Bu duýga berlen adamlarda optimistik, oňyn pikirlenmek, gowy tarapa ýykgyn etmek ýaly ýagdaýlar örän az. Olar hemişe özleriniň çäresizliginden we ýagdaýlaryň amatly dälliginden zeýrenýärler. Zeýrenç bolsa, saglygyň ýitirilmegine eltýär.

**Men ýitirýärin/sen ýitirýärsiň:** Samsonyň kada-ýörelgesini alyp göterýänler şu hili adamlardyr: «Maňa-da bolmasyn, duşmanyma-da bolmasyn». Bu düşünjedäki adamlaryň ünsi-aladasy hemişe garşydaşyna, bäsdeşine gönükdirilen. Bularyň ilkinji maksady, arzuwy bäsdeşleriniň şowsuzlygyny görmek, olaryň hasratyna guwanmak. Bu adamlar özgeleriň şowsuzlygyny görüp, öz şowsuzlyklarynyň ejirini az-kem ýeňilleşdiren ýaly duýýarlar. Şonuň üçin bular örän ýaramaz adamlardyr. Olaryň aň-düşünjesi saman çöpünden hem ýeňildir.

**Men gazanýaryn/saňa Allany goýýaryn:** Bu ýörelgä eýerýän adamlar garşydaşlarynyň, bäsdeşleriniň hereketine, özlerini alyp baryşlaryna asla üns berenoklar. Dogry, olar bäsdeşlerine bilgeşleýin zyýan hem edenoklar, ýöne olaryň gazanmagy üçin yhlas hem edenoklar. Ünsüni diňe öz gazançlaryna gönükdirýärler.

**Men ýitiremok/sen ýitireňok:** Bu ýörelge, deňme-deň tamamlanýan netijeleri, ýagdaýlary ileri sürýär. Taraplaryň hiç biri hem ýitgi çekmezden, öz ýollaryny dowam etmeli diýen düşünjä uýýarlar.

**Men gazanýaryn/sen gazanýarsyň:** Ählimiz gazanýarys. Ählimiz bilelikde ylalaşykly, sazlaşykly hereket edýäris we her birimiz ählimize bähbitli bolan ýollary, usullary gözleýäris. Bu pikirdäki adamlar özgeleriň bähbidine hem edil öz bähbitleri ýaly garaýarlar. Olaryň pikiriçe, beýleki tarap gazanman, diňe öz gazanmagyň birtaraplylyk we diňe özüňi bilmeklikdir, ýalňyş düşünjedir.

Ine, biziň her birimiz şu düşünjeleriň haýsy hem bolsa birine laýyk hereket edýäris. Şol pursatlaryň ählisinde hem altynjy düşünjäni – men hem gazanýaryn, sen hem gazanýarsyň diýen ýörelgäni öňe ilerledip bolýar. Sagdyn düşünjeli we uzak geljegi nazarlaýan adam hemişe şony saýlaýar. Aň-düşünjeleriniň derejesine laýyklykda, her kim özüniň dogry hasaplan usulyny saýlaýar, aslynda welin, barabar bähbitler ýaly bereketli, lezzetli hem-de rahatlyk beriji başga bir usul ýokdur. Stiwen Kofiniň ýazmagyna görä, altynjy ýörelgäniň iň oňadydygyny, hemmelere bähbitlidigini bilsegem, kähalatlarda beýleki ýörelgelere eýermegimiz juda düşnüksiz bolup galýar. Haýsy ýörelge özümize ýiti täsir etse, şoňa hem ýykgyn edýäris. Ýitgiden gazanmak ýörelgesi sport ýaryşlarynda ähmiýetli bolup biler. Bäsdeşiň säwligini peýdalanmak bilen özüň ýeňiş gazanmak – oýnuň düzgüni, emma durmuş oýnuna bu ýagdaýy girizmejek bolmaly. Men ýitirýärin-sen gazanýarsyň ýörelgesi hem kähalatlarda bähbitli bolup biler. Mysal üçin, eger-de bir mesele, iş sarp eden gaýratymyza we indiki gönükdirjek yhlasymyza degmeýän bolsa, ondan çekilip, beýleki tarapa bähbitli bolsun diýip bileris. Golaýdaky wagtlaýyn we ýönekeýje şowsuzlyk uzagyndan bildirýän we wagty bilen egsilmeýän äpet şowsuzlyklardan has gowudyr.

Her halda bularyň iň oňady men gazanýaryn/sen gazanýarsyň ýörelgesidir. Bu biziň alyp götermeli we hemişe şoňa muwapyk ýöremeli ýolumyzdyr. Bu ýolda bereket hem, begenç hem, şowlulyk hem beýlekilerinden has beýikdir, has öwüşginlidir.

Emma muňa eýerip ýaşamak ýeňil-ýelpaý iş däl. Muny doly başarmak üçin özüňde birnäçe häsiýetleri kemala getirmeli. Esasanam, maddy gymmatlyklar bilen serimiziň sämäp duran zamanynda

* 4. Sargyt № 975

beýlekileriň bähbidi dogrusynda pikirlenmek ýeňil düşmez, emma başaryp bolmajak zat hem däldir. Şol ajaýyp häsiýetler hemmeleriň bähbidine bolan pikirleri, çözgütleri tapyp berýär, gözel pikirleri oýarýar. Halk arasynda ýörgünli bolan söz bar – ajaýyp häsiýetler ajaýyp pikirleri oýarýar. Şeýdeniňde, hem öz bähbidiňi, hem-de özgeleriň bähbidini goraýarsyň.

Ata-baba gelýän asylly däp-dessurlarymyza, durmuş ýörelgelerimize üns berseň, bu ýörelgäniň gymmatyna, ähmiýetine has doly düşünersiň. Bu biziň asylly ýörelgämize muwapyk gelýän düşünjedir. Resulallanyň «Öz söýýän zadyňyzy dostuňyza hem rowa görýänçäňiz hakyky mömin dälsiňiz» diýen hadysyny ýatlaň. Şuňa nazar salsak, bu ýörelgäni saýlap-saýlamazlyk däl-de, bize hut şeýle hereket etmek ündelendir. Bu ýörelgäniň astynda terbiýe, ynanç-ygtykat ýaly gymmatlyklar ýatyr. Men gazanýaryn/sen gazanýarsyň diýen ýörelge belent mertebeli adam bolmagyň bir şertidir. Şony amal etmezden mertebäň doly-kämil bolmaýar.

Özüňdäki husytlyk, bahyllyk duýgularyndan saplanmasaň, diňe özüň gazanmak ýeterlik diýip pikir etseň, birbada özüňi rahat duýsaňam, soňabaka durmuşy şeýle dolandyrmak örän çetin bolar. Beýle durmuş ýoly örän hatarly, kert gaýaly, uçut eňňitli ýoldur. «Köke bir adamdan başgasyna ýetmeýär, ony diňe bir adam iýmeli» diýmek örän ýalňyşdyr.

Ýaradanyň hazynasy hemişe doludyr we ol hiç wagt egsilýän däldir. «Gökleriň we Ýer ýüzüniň hazynalary Allanyňkydyr». Onuň fazly-keremi hemme zada, hemme kişä ýetýändir. Bähbitleri barabar peýdalanyp bilsek, gazanýan her bir zadymyzyň berekedi artar gider.

Hiç wagt öz bähbidiňi ileri tutmak bilen daş-töweregiňi, ýaşaýan jemgyýetiňi gözden salma. «Olara näme bolsa, şol bolsun» diýip ýaşama. Özüň hem gazan, özgelere-de gazanmaga maý ber. Bile gazanmak ýörelgesi hemmelere bähbitli, mynasyp ýörelgedir. Şonda päk gursakdan, päkize niýetlerden, il arasyndaky orun-mertebeden, hemmä täsir edýän oňyn oý-pikirlerden lezzet alarsyň.

Mahlasy, arassa gazanç, gazanmak diýmeklik beýlekileri gözden salmak diýmek däldir. Gaýta, bilelikde gazanmak üçin olary hem öz ýanymyza çekmek diýmekdir. Üstünligi we onuň şatlygyny deň paýlaşmak diýmekdir. Ýeňiş aýdymlaryny bilelikde ýerine ýetirmek diýmekdir.

Arap ýazyjysy Nejib Mahfuzyň aýdan sözleri bar: «Egoistligiň çür başynda ýaşap bilersiň, ýöne bu häsiýet bilen bagtly bolup bilmersiň».

## 13. ÝAGŞYLYK MEDENIÝETINI ÝAÝRAT!

Hemişe hemme zat gülala-güllük bolup duranok. Käteler ykbal bizi taplamak üçin birnäçe müşgillikdir kynçylyk bilen ýüzbe-ýüz edýär. Biz bolsa, köplenç, şeýle halatlarda sabyr jylawyny ýazdyryp, durmuşyň boýdan-başa ýadawlykdan, böwetdir päsgelçilikden, ünji-aladadan doludygyny uly sesimiz bilen jar edýäris.

Haýsydyr bir meselede özümizi aldandyklaryny bilsek, hile-duzak ysy burnumyza ursa ýa-da özümize gyýa garalandygyna göz ýetirsek, dessine ähli adamzat neslini ýazgarýarys-da, ynsanyýetiň bu zeýilli gapma-garşylyklardan hiç wagt halas bolup bilmejekdigine pugta ynanyp başlaýarys.

Öňki ýazan kitaplarymyň birinde böwrümize diň salyp ýaşamagyň wajypdygyny ýatlapdym. Özümizi durmuş wakalaryna aldatmaly däldigini ýaňzydypdym. Büdrän pursadymyz, durmuşyň tutuksy we garma-gürme düşnüksiz bir zatdygyny bahana edip, zeýrenmeli däldigine, daş-töweregimizde diňe aç böri pisint adamlardan doludygyna asla ynanmaly däldigine ünsi çekipdim. Käbir adamlar bizi bir ýa iki ýola aldasa, biz asylsyz düşünjeler, öwzaýy bozuk pikirler, howsala-dowullar bilen özümizi gaýta-gaýta aldaýarys. Bolmadyk we bolmajak zatlar bilen özümizi dowla salmak, şemal ýok ýerinden, başymyzy ýapyrynmak – özümizi aldamakdyr.

Boş dowullara gulak gabartma. Böwrüňe diň sal, ynan we eýer. Soňy uly gorka ýazjak waswasylygyň şinelemegine ýol berme. Bir

çäkde durma we kämilleşmegiňi dowam et. Indi men bu ýerde has artykmajyny talap hem towakga etmekçi.

Sen hemişe haýyr we mähir-muhabbet medeniýetini ýaýrat. Adamlary begendirmäge çalyş. Hiç wagt olary dünýä we durmuş babatda lapykeçlige salmajak bol. Hiç kesi begendirmeýän, eşidilenden ýüzi gara-ört edip, ýürege agram salýan we gussa donuna büreýän sözler hergiz agzyňdan çykmasyn. Gaýta-gaýta şum habarlary ýetirýän adamlardan bolma. Il-gün seniň agzyňdan diňe ýakymly wakalaryň buşlugyny eşitsin, hatda sözüň artyk gelýän, diňe dymyp oňmaly pursatlarynda hem seniň diliňden diňe umytlara ruhlandyrýan jümleler çyksyn.

Sen şeýle bir aýna bol, bu aýna olara göwünlerindäki gussany däl-de, umytlaryny, ynamlaryny açyp görkezsin.

Pygamber alaýhyssalamyň aýtmagyna görä: «Eger-de bir adam: «Adamlarda derek galmady, olaryň ählisi dargady» diýse, bilgin, iň dargan, iň biderek adam şonuň özüdir». Mundan ötri her bir hereketiňe, sözüňe seresap çemeleş – adamlara olaryň dünýäsini tümlüge gaplajak göwnüçökgün, garaňky, tutuksy pikirleri ýaýradyp ýörme. Hatda şol gürrüňiň şol adama dahyly bar hem bolsa, aýtmaklyk uslyp bilinýän däldir.

Bir kyssanyň üstünde durup geçeliň.

Bir adam ürgün çägeli sähralyklaryň içi bilen atyny çapdyryp barýan ekeni. Birdenkä onuň gyzgyn çägeleriň üstünde teşnelik mähnetine dodaklary kepän we ölüm bilen darkaş gurup duran bir biçärä gözi düşüpdir.

Bedew atly onuň ýanyna baryp, meşiginden dodaklaryna suw damdyrypdyr. Az-kem essine gelensoň, suwdan gandyrypdyr. Onuň hal-ýagdaýy, hajaty bilen gyzyklanypdyr. Azaşan adam özüni atyň ardyna almagyny we ilatly ýere ýetýänçäler kömek etmegini sorapdyr. Bedewli adam oňa: «Sen halys ysgyn-mydardan gaçypsyň. Gowusy, atyň üstüne sen mün, men ýanyňdan pyýadalap ýöräbererin. Özüňi dürsemek, dem-dynç almak we gurbata gelmek üçin saňa rahatlyk örän zerur» diýipdir.

Azaşan bende atyň üzeňňisine basyp, üstüne müneninden, jylawyny mäkäm çekip, aty çapdyryp, ol adamdan uzaklaşypdyr. Aty alyp gaçypdyr. Atyň eýesi bolsa bu zatlara haýran galyp, geňirgenip duran ekeni. Ajalyň elinden halas eden bendesiniň ogrularyň biridigini bileninde, atyny yzyna alyp bilmejekdigine göz ýetiripdir. Ogrynyň arkasyndan gygyrypdyr:

– A-how, Allanyň haky üçin, bir salym saklan. Atym saňa halal bolsun, ýöne aýtjak sözümi bir diňläweri – diýipdir.

At eýesiniň kowalap, ýetip bilmejek aralygyny geçeninden soňra, ol ogry saklanypdyr:

– Hawa, näme arzyň bolsa, aýt, eşideli...

– Bu bolan wakalary başga ýerde gürrüň bermäweri, ýogsam, adamlaryň birek-birege bolan ynamy ýiter – diýip, ýagşy adam jogap beripdir.

Eýsem, bu sözleri diýmek bilen atyny ogurladan adam nämäni göz öňünde tutýar?! Ol atdan has gymmatly zady – adamlaryň birek-birege bolan ynamynyň çüpremezligini isleýär. Zatdyr närsäni heran-haçan gazanyp bolar, emma ynam ýitse, onuň gaýtadan dikelmegi üçin ýyllar gerek bolar. Atyny ogurladandygyna garamazdan, bu wakalary başgalaryň ýanynda aýdyp ýörmezligi sargaýar, ýogsam, bu ýerde jany ýangynly boljak atyň öz eýesi ahyry. Eger-de käbirimiz şonuň ýerinde bolan bolsak, tä içimiziň howry köşeşýänçä, agzymyzdan ýalyn çabradar ýörerdik... Näme üçin ýaramaz gürrüňleri aýtmazlyk ündelýär, sebäbi ynamsyzlyk adamzat jemgyýetine zeper ýetirýär... ýagşylyk etmekden saklaýar... eger-de ölüm halynda ýatan ýa-da agyr ýagdaýa duçar bolanlary halas etmek üçin ýardam goluny uzatmaga ýagdaýy bar adamlar şeýle gürrüňleriň täsirine berilse, beýlekilere ýardam goly uzadylanda, ýagşylyk etjek adamlarynyň özlerine ýamanlyk etmeginden howatyrlanyp, haýyr iş etmekden ýüz öwrerler...

Adamlaryň arasyndaky ynamsyzlyga bolup geçen bir ýa-da iki waka däl-de, şol wakanyň soňundan döreýän we dilden-dile düşdügisaýy barha beleň, bat alýan gep-gürrüňler sebäpkär. Hut

şonuň üçin ýaňzydýaryn, hemişe hoş habarlary aýt, ýagşy sözleri ýaý, ýagşylygy ýaýrat.

Ynamsyzlyk bilen pikir ýöretmegimize sebäp boljak wakany durmuşyň islendik pursadyndan tapyp bolýar. Hatda käbir sözleriň, aýtgylaryň özi özara gatnaşyklarda seresap bolmaklyga iterýär. Şeýle häsiýetleri unutjak bolsagam, ýadymyza salýar durýar. «Bu dünýäde hiç kime ynanmaly däl», «Ile ýagşylyk etmeli däl, soň özüňe bahylçylyk edýärler» mysalyndaky gara pälli sözler ýadymyzy gorjalap dur.

Adamlaryň özlerini alyp barşy, hereketleri, hal-ýagdaýlary hakda pikir edenimde, köplenç, şol bir netijäniň şaýady bolýaryn. Säher bilen işe barýandyklaryna garamazdan, olaryň ýüzündäki ynjalyksyzlyk, ikirjiňlenme, gorky-çekinjeňlik we özgelere bolan ynamsyzlyk alamatlaryny duýup bolýar.

Tanyş-bilişlerimden hal-ahwal soraşanymda, kimsi özüni üten taksi sürüjisinden derdinse, ýene biri özüne bahyllyk bilen bakýan goňşusyndan zeýrenýär. Beýleki biri bolsa, bu ykdysady ýagdaýlaryň gowulyk bilen tamamlanmajakdygyny aýdyp howatyrlanýar.

Emma, bular we beýleki adamlar – gapylaryny kakyp duran ummasyz nygmatlary bilmezlige salýarlar. Durmuşlaryna ornaşan, arzuwlaryndan has beýik gowulyklara göz ýumýarlar. Sebäbi ýakyn adamlarym bolansoň, men olaryň ähli ruhy hem-de maddy ýagdaýlaryna belet ahyryn.

Zeýrenje derek, iň bolman-da şol ýagşylyklaryň hatyrasyna ýürekden «Hudaýa şükür» diýse bolmaýarmy? Şükranalyk nygmatyň artmagyna sebäp bolýan zatlaryň biri bolup durýar. Ýene-ýene gowy zatlary göz öňüne getirip, umydyny has güýçlendirse has gowy ahyry.

Özünde bar bolan gowy zatlaryny ýatlap, şükranalyk bilen gürlese – çagalarynyň sowatly, edepli, düşünjelidigi üçin, öz saglygynyň gowy-ganymatdygy üçin, ýaramaz gep-gybatlara eltmeýän işiniň bardygy üçin... şükür edip, begençli gürlemegi gerek.

Zeýrenmekden, biziň ýanymyzda gamgyn we tutuksy gürrüňleri gozgamakdan olaryň maksady nämekä? Ýakymsyz gürrüňler bilen

biziň dünýämizi hem tümlüge gaplamaga, garaňkylyga büremäge çalyşýarmy? Meni begendirmeýän, şol bir wagtda hem netijesini meniň üýtgedip bilmejek bir habarymy maňa aýtmagyň nä derkary bar? Ýa-da ol umyt penjireleriniň lapykeçlik tutulary bilen örtülmegini, durmuşa bolan umydymyzyň kiparlamagyny isleýärmi?

Gel, öňümizde belent maksat goýaly we üstümize bir gowy wezipe-borç alaly – adamlaryň arasynda ýagşylyk medeniýetini ýaýradaly. Olaryň ýüreginde tutuş ömürlerini ýagtylandyrjak umyt şemlerini ýakaly. Bagtly geljege, oňatlyga, üstünlige ynam döredýän pikirleri we düşünjeleri ýaýradaly. Goý, her kes Ýaradanyň fazly-kereminiň çäksizdigini, üznüksizdigini, hemişe goldap we gorap durandygyny bilip ýaşasyn. Duýup ýaşasyn.

Gel, her bir ýagşy işi, gözelligi has-da ösdüreli, beýgeldeli we illere görkezeli. Adamlaryň maňzyna batmajak habarlary, hereketleri, sözleri bolsa aýdyp ýörmäli.

Bu aňsat wezipe däl, emma şol hereketleri edenimizde gazanýan sogabymyz we bizi gurşaýan begenç-şatlyk duýgulary, üstünlik lezzeti onuň agyrlygyny, kynlygyny ýatdan çykarýar. Üstesine-de, üns berseň, bu diňe beýikleriň başarýan işidir.

Mahlasy, Gün ýaly parlak dogup, göwün galkyndyryjy ýagty nurlar bilen ikirjiňlenme we lapykeçlik bulutlaryny parran dilip geç. Adamlara özlerindäki bol-elin nygmatlar, ukyp-başarnyklar, zehinler dogrusynda gürrüň ber. Her zadyň gowy tarapyny ýatlamak bilen, olaryň durmuş hupbatlaryny ýeňlet. Olara her zadyň gowy tarapyny görkezmäge çalyş. Çäksiz kerem-merhemetiň biziň her birimizi gurşap alandygyny mysallar bilen düşündir. Bu biziň başarjak işimizdir!

## 14. AR ALMAGY ÖWREN

Hemişe süýji arzuwlara garylyp, gowy netijelere umyt etsek-de, wakalaryň hemmesi göwün halar netije bilen tamamlanyp duranok. Bir gün durmuş meýdanlarynyň birinde kimdir birinden asgyn gelip, ahmyra gaplansak, hökman ar alasymyz gelýär.

Meniň maslahatym – ar al! Bir maksat üçin çalyşýan wagtyňda biri senden öňürtse..., büdreseň, ýykylsaň, ynjasaň, utulsaň, ýeňilseň... ar al we ar al. Ar almak üçin ýüregiňi bire bagla. Ýöne ilki nähili ar almalydygyny öwreneliň. Talmud kitabynda ar almak hakynda göwne makul bir jümle bar: «Täzeden dogul, iň uly ar alyş şudur».

Ýykylsaň, dikel, ör tur, dik dur, yhlas bilen işle, maksadyň üçin göreş – şonda sen öz bäsdeşleriňe, göriplere neneňsi ajy zäherleri, azapdyr hasratlary ýuwutdyrýandygyňy bilersiň.

Şowsuzlyklaryň iňňe neşteri ýaly awusyndan halas bolmak hem-de seniň büdremegiňe heşelle kakýanlardan üstün bolmak üçin ýene-de ar al.

Özgelerden däl-de, öz şowsuzlyklaryňdan ar al – örtenmeleriňden saplanmaga çalyş.

Durmuş – göreş meýdany. Göreş bolsa käteler örän zabun bolýar. Birdenkä, bu gowgaly meýdanyň ortasyna nädip düşeniňi duýman galýarsyň. Öz gymmatyň, mertebäň, ynanjyň, maksadyň, pikiriň, prinsipiň, arzuwyň, ýerine ýetirýän işiň üçin sen göreşmäge mejbur bolýarsyň.

Belki ýeňlersiň... kimdir biri iň pis usullary ulanyp, pes hereketler bilen seni heläk etmek ýa-da aşak basmak islär. Şol halatda sen näme etmeli..?! Näme edesiň geler? Gör, ikimiz pikirdeş ekenik – ar alasymyz geler.

Ine, şeýle ýagdaýlarda, hormatly professor Abdyl Mutawygyň sözleri ýerlikli görünýär: «Saňa ýamanlyk edýänlerden ar almagyň iň gowy usuly – olaryň özi ýaly bolmazlykdyr. Durmuşyňda olaryň sökel ýörelgelerini, näsag garaýyşlaryny, keselli düşünjelerini gaýtalamakdan, olaryň özleri ýaly bolmakdan gaça durmakdyr. Olara özleri ýaly jogap bermekden özüňi belent tut, goý, olar özleriniň pesdigini, düşünjeleriniň çüýrükdigini, ahlaklarynyň nogsanlydygyny duýsunlar».

Ine, meniň saňa ündeýän ar alşym, senden isleýän zadym şu – ar almakçy bolsaň şunuň ýaly hereket et. Ruhuňy aç ýyrtyjy deýin gemirýän gabahat we haýyn ar alyşlary asla aňyňa ornaşdyrma.

Allatagala: «Olar takwa we bagyşlaýan, geçirimli adamlardyr» diýýär. Bagyşlamaklyk, geçirimlilik etmek iňňän ähmiýetli zat. Ol ar alyş sözüne geň görünýän, laýyk gelmeýän, gelişmeýän hem bolsa, asylly we ýagşy adamlaryň ar alyş ýoly-ýörelgesidir, bir ar alyş usulydyr.

«Ar alyş» sözi seni birneme biynjalyk eden bolmagy ahmal, ýöne men onuň gowy tarapyny saýlap aldym. Ar alşyň howry, gyzgynlygy saňa ýykylmagy, ýeňilmegi ýigrendirer, gaça duruzar, şowsuzlyklara öwrenişdirmez. Ar alşyň bu usuly bozulan zady düzetmäge, döwlen zady dikeltmäge, ýoýulan zady bitewi etmäge iterýän täsire eýedir.

Nähili ar almaly?

Ikinji jahan urşy döwründe Beýik Britaniýanyň Ministrler Kabinetiniň başlygy bolan Uinston Çerçilliň aýdan bir sözi bar: «Her kimsäniň öz sähetli güni bar...». Günleriň käbiri beýlekilerinden has tapawutly bolup biler. Emgenip ýa eglenip geçirmeli günlerem, üstünlikli, şowly we toýly günlerem bolup biler. Ýöne öňümizde peýda bolan şowsuzlyklar ýa-da gyýa garap, gyňyr bakan ýüzler zerarly örtenmekçi bolsak, günleriň ötegçidigini, tiz çalşyp durýandygyny we hiç zadyň, esasan-da, ýaramazlygyň uzak dowam etmeýändigini ýadymyza salalyň. Gaýgy-ünjä sarp etjek wagtymyzy has haýyrly zatlara, başga bähbitli amallara gönükdireli. Bize garaşyp duran wajyp işlerimize ünsümizi jemläli. Bize garaşyp duran bagtly pursatlara taýýarlyk göreli. Ähli ýagdaýlarda sagdyn we asuda pikirlenmek, gahar-gazaba berilmezlik, dessine ünsümizi gowy zatlara gönükdirmek iň makul usullaryň biridir.

Maňa maý berseň, men saňa neneňsi ar almagyň birnäçe ýollaryny kesgitläp bereýin.

Owadan arzuwlardan ýüküni tutan salyň durmuş deňzinde çaýkanyp duran bolsa, has gowy ýaşamagyň hatyrasyna sen ýaramaz endikleriňden ar alyp başla. Munuň üçin ýörite wagt belle we durmuş hakdaky pikir-hyýallaryňy, arzuw-maksatlaryňy, etsem-goýsamlaryňy gaýta-gaýta gözden geçir. Öz bärden gaýdýan

häsiýetleriňi öwren we olaryň gaýtalanmazlygy, aýrylyp gitmegi üçin çalyş. Şol ýaramaz häsiýetleriňi üýtgetmäge jan et. Ýaramaz endiklere ýesir bolma. Ajaýyp häsiýetler bilen bezen we özüňi erkin hem-de dogumly duý. Köp oka, tejribeli adamlar bilen geňeş. Maşgala gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän we jemgyýetde özüňi edepli hem-de edenli alyp barmagy öwredýän ýörite kurslara, leksiýalara gatna. Şeýle söhbeti berip biljek adamlar bilen dostlukly gatnaşyklary ýola goý. Maşgala durmuşyndan lezzet alýan adamlaryň iň gowusy bolmagy başarýandygyňy subut et – iş oňarýandygyňy görkez.

Eger-de dostuň göwnüňe degen bolsa ýa-da ýoldaşyň özüni alyp barşynda, hüý-häsiýetinde hyýanat kokusy burnuňa ursa, ar al – sen olar ýaly bolma. Kinaýa kinaýa bilen, hyýanata hyýanat bilen, ýaňsyly söze ýaňsy bilen jogap berme. Oňarsaň öňki bolşuňy sakla ýa-da öňkülerinden hem mylakatly, arkaýyn, asuda-parahat we sabyrly-salyhatly bol. Bu seniň ondan beýikdigiňi delillendirýän aýratynlykdyr. Gylyk-häsiýet, ynam-iman babatda olara meňzemezlik, olardan has gowy bolmaga çalyşmak ar almagyň iň netijeli usullarynyň biridir. Olara (edil özleri ýaly bolup,) ýamanlyk etmäge iterýän her bir duýgyny ýom-ýok et. Sogabyna Alladan garaş.

Eger-de öz duýgularyňda, hereket-häsiýetleriňde bärden gaýtmaklyk bar bolsa, öňde goýan maksadyňda, meýilnamaňda agsaýan bolsaň, yza galýan bolsaň ýa-da bir geleşikde bar baýlygyňdan el ýuwan bolsaň, daş-töweregiňdäki janly-jemende hem «indi seniň aýak üstüne galmagyň mümkin däl» diýip pikir etseler, sen olaryň bu batyl düşünjesini çym-pytrak etmek üçin ar al – garyňa daýan, aýaga gal. Wagtlaýyn kynçylyklaryň sag-aman sowulmagy üçin Alladan ýardam we dözüm dile. Gaýta-gaýta öňe okduryl. Öňküleriňden hem has dogumly we ynamly bol. Her ätjek ädimiňi, ýörejek ýoluňy, geçjek menziliňi, gerek ýerinde düşlejek, ýük ýazdyrjak ýerleriňi ilik-düwme inçelikleri bilen gözden geçir, maksatly öňe ilerle. Seniň şol gezekki şowsuzlygyň bedew atyň birje büdremeginden başga zat däldigini adamlara we dünýä aýan et. Goý, olar seniň ýene-de öňe ýöreýändigiňi,

uly ynam we güýç-kuwwat bilen gaýtadan ýoluňy dowam edýändigiňi gözleri bilen görsünler.

Eger-de iş ýerinde müdiriň ýa-da ýokary okuw mekdebinde mugallymyň saňa nädogry baha berse, özüňi alyp barşyňdan, sapaklaryňa ýetişigiňden nägile bolsa, sen olaryň bu pikirinden rüstemdigiňi, beýikdigiňi ýagşy endikleriň, häsiýetleriň bilen subut et. Seniň şowsuz ýa-da ýaltadygyňy delillendirýän we gün geçdigisaýy aňlarynda kök urjak garaýyşlaryny öz asylly häsiýetleriň bilen inkär etmäge çalyş. Gowy adamdygyňy we öňkülerden hem has gowy bolup bilýändigiňi görkez.

Eger-de içiňdäki nebsiň, iblisiň senden rüstem gelip, kimdir biri bilen öç eden bolsa, özara gatnaşyklaryňyza säwlik we sowuklyk aralaşdyran bolsa ýa-da bijaý söz, ýerliksiz degişme bilen dost-doganyň göwnüne degen bolsaň, bir gödek söz ýa-da pygyl bilen kimsäniň janyny ýakan bolsaň, ötünç gylyjy bilen öz nebsiňden ar al. Ynsabyňy, wyždanyňy oýar we häsiýetiňi gowulaşdyr. Hataňy geçirmegini, seni bagyşlamagyny sora. Özüň müýnlükäň ötünç soramagy peslik bilme.

Eger-de seni haý-höwesiň, nebsiň bendi-ýesir eden bolsa, nebsiň özüňe hökümini ýöredýän bolsa, gaflatyň uzaga çeken bolsa, iman agylyna dolanmak bilen ar al. Toba galkanyny goluňa al.

Aýagyň büdrese ýa-da biliň gypjynsa, seniň oňa berýän gaýtargyň gaty ýowuz bolsun... gaýratlylyk bilen garyňa gal, dikel, täzeden deňagramly halyňa gel.

Ine, şeýle ýol bilen ýöräp, dowam ediber.

Mahlasy, ar almagyň hem iki ýüzi, iki tarapy bar: gara tarapy seniň ynsabyňy, ruhuňy we wyždanyňy gemirýär, beýleki adamlara azar-ezýet bermäge iterýär. Ar alşyň parlak tarapy hem bar, ol ruhuňy alawlandyrýar. Gylyk-häsiýet we özüňi alyp barmak babatda ruhuňa täze ylham, joşgun berýär.

Ýalňyşlaryňdan we büdremeleriňden ar almagy öwren – has gowy bolmagyň üçin. Saňa ýamanlyk edenlerden ar almagy öwren – olara meňzemezligiň üçin (olara meňzemezlik bilen). Goý, seniň ajaýyp we

ýagşy häsiýetleriň olaryň nogsanlyklaryny özlerine görkezýän ýüzi dury, arassa aýna bolsun.

## 15. BEÝIKLIGI DÖREDÝÄN SABYRLYLYK

Hemme zada we bolýan her bir zada birbada akyl ýetirip bolanok. Durmuşda bolýan her bir wakanyň asyl manysyny çöşlemek, hikmetini bilmek, aslyna düşünmek pelsepeçileriň, hekimleriň, alym-danalaryň, şeýle hem takwa-ybadathonlaryň käridir, salyhlaryň hünäridir.

Taryh eserlerini okanyňda ýa-da ýanyňda, ýakynyňda bolýan wakalary eşideniňde, özüni täze zatlary öwrenmäge bagyş edýänleriň bardygy geň galdyranok. Olar wakalaryň süňňüne, düýp mazmunyna akyl ýetirmek üçin uzak aralyklary söküp, alys yklymlara aralaşýarlar. Täze maglumatlar bilen bilim gorunyň üstüni ýetirip, köňli nurlandyrýarlar, durmuş we hakykat ylymlaryndan has köp habardar bolýarlar. Birje hikmetiň üsti bilen ynsan ömrüne degerli uly bir zada akyl ýetirýärler.

Şeýle alymlaryň biri hem Ybraýym Edhem.

Ybraýym Edhem Haky tanaýan, hakykaty ideýän, görýän we synlaýan zadynyň öňünde hemişe özüni pespäl alyp barýan, durmuş kitabynyň sahypalary, ynsanlaryň gylyk-häsiýetleri, durmuş dolaýyşlary, hal-ýagdaýlary hakda çuňňur oýlanýan, olardan nuranalyk ýollaryna atarjak sözleri, hikmetleri, paýhaslary gözleýän adam bolupdyr.

Şeýle hikmetleriň ideginde, höwesinde gezip ýörkä, uzak ülkede ýaşaýan we hiç wagt öz hüjresini terk etmedik, daşa çykmadyk bir ruhanynyň habary onuň gulagyna ilipdir. Bu ruhany güýçli, keramatly saýylypdyr. Ýylyň dowamynda bir aýlap adamlar onuň zyýapatyna baryp, alyn diräp gaýdar ekenler. Onuň mährabynyň öňünde, öýüniň bosagasynda gurbanlyk kesip, sadaka berer ekenler. Hassalarynyň gutulmagy we hal-ýagdaýlarynyň gowulaşmagy üçin,

ýalňyşlyklarynyň bagyşlanmagy, hatalarynyň ötülmegi üçin haýyş eder ekenler. Bir aýyň pazylaty üçin uzak-uzak yklymlardan gelýän zyýaratçylaryň san-sajagy bolmandyr.

Ybraýym Edhemi gyzyklandyran hallaryň biri – bu ruhanynyň ençeme ýyldan bäri hüjresinden daşa çykman, ybadata meşgul bolup oturmagy bolupdyr. Çawy alyslara ýaýran bu ruhany bilen didarlaşmak we miýesser etse, ony hak ýola çagyrmak üçin Ybraýym Edhem köňlüni bire baglap, Haka töwekgellik edip, ýola rowana bolupdyr. Adamlaryň zyýarat edýän möwsüminde hem ol ýere baryp ýetipdir.

Ruhanynyň howlusyna ýygnanan mähelle aňyňy haýykdyrýan ekeni. Biri-biri bilen gyslyşyp duran adamlaryň juda köpdügine garamazdan, Ybraýym Edhem hem ahyry onuň huzuryna barypdyr. Ilki ruhanyny hikmet nazary we parasat gözi bilen mazaly synlapdyr. Onuň daşyny gallap duran şägirtleri, kömekçileri we olaryň «lepbeý-tagsyr» hyzmatlary ruhanynyň abraý-mertebesiniň örän beýikdigini subut edýän ekeni. Aýdan sözüne derrew eýerip, ýumşuny, tabşyrygyny desbi-dähil ýerine ýetiripdirler. Sözüne gulak asypdyrlar.

Ybraýym Edhem özüni tanyşdyryp, maksadyny mälim edipdir. Munça ýyllap hüjresinden çykman ybadata berilmeginiň sebäbini sorapdyr. Asyl, bu ruhany otuz ýyl bäri ýagty jahanyň nuruny diňe hüjresinde oturan ýerinden synlap, kanagat edipdir. Şonça wagtlap daşary çykmandygyny aýdypdyr. Düýbünde şeýle müşgil işe iterýän bir degerli sebäp bolmasa, ynsan munça wagtlap birsyhly durmuşa çydam edip bilmeýär ahyry. Çünki ýürek-köňül bikarar zat, olar şol bir zatdan tiz irýär. Diňe dürli-dümenlik durmuşyňy gözelleşdirip, oňa many-tagam we zowk hem-de görk çaýýar. Ybraýym Edhem muňa has-da geň galypdyr we beýle hala berilmeginiň sebäbini sorapdyr.

Ruhany ýylgyrypdyr we Ybraýym Edheme golaý durup: «Bu ýere zyýarata gelýän adamlary görýärmiň?! Olar meniň ýanyma ýylda bir aý gelip bilýärler. Men olar üçin iň uly maksat, iň elýetmez matlap we iň beýik isleg. Şonuň üçin şu bir aýyň hormat-hatyrasyna,

tutuş bir ýylymy hüjreden çykman oňňut edýärin. Ýalňyzlyk bilenem oňuşmaly bolýaryn. Ömrümiň meni begendirýän belli-belli aýlary üçin tutuş döwrüň argynlygyny gerdenimde çekmäge taýýar» diýipdir.

Ruhanynyň bu zatlaryň hatyrasyna niçiksi emgenýändigine Ybraýym Edhemiň akyly çaşypdyr. Onuň huzurynda otyrka hem, onuň öýünden çykyp, öz iline tarap ýola düşen pursadyndan başlap hem, bir sowal biynjalyk edip durupdyr: «Ýalňyş düşünjelere eýerýän biri sanalgy günler üçin ýyl boýy sabyr edýär. Il-günden alýan alkyşy, gazanýan mertebesi, duýýan buýsanjy üçin ýalňyzlyga hem, onuň kynçylyk-külpetine hem çydaýar, ýeri onsoň dogry-düz ýoldaky sagdyn pikirli we beýik maksatly adamlaryň azajyk ýadan wagty ýaltanmaklary, dünýäni-durmuşy argynlyk mesgeni hökmünde görüp, uly sesleri bilen zeýrenmekleri, uwlamaklary nämedenkä?» diýipdir.

Ýagşy häsiýetli we sagdyn düşünjeli adamlar, özleriniň edýän amallarynyň hakdygyna akyl ýetirip durkalar, azrak sabyr etmekleri we çydamaklary zerur. Çünki üstünligiň bahasyny öňünden tölemeli.

Aýlawly ýoluň ahyrynda datly miweli, goýy saýaly jennetiň bardygyny bilýän adam, yhlas bedewini debsilemegiň deregine nebis atyny çapsa, wagtlaýyn lezzetleriň löderesini başyna çekip, bulanyk duýgular bilen başyny sämetse, onuň pellehana ýetmezden atdan agjakdygy hem-de hakyky sylagy, mertebäni, beýikligi, belentligi gazanyp bilmejekdigi köre hasa.

Köpimiz öz ýanymyzdan durmuşda uly üstünliklere ýetendigimiz bilen buýsanýarys, özgelere aýdyp, ýaňzydyp ýörmesegem, içimizden bir ses biziň «juda akylly we ugurtapyjydygymyzy», öňümizde anyk we aýdyň maksatlary goýmak arkaly köp zady gazanandygymyzy, uly üstünliklere ýetendigimizi pyşyrdap dur. Ýöne köpimiz, geň görünse-de, durmuşda nämäniň dowamly we nämäniň wagtlaýyndygyny hem anyk-aýdyň kesgitläp bilemzok. Biz halala sogabyň, harama azabyň bardygyna ynanýarys, maksatlarymyzy nähak ýol bilen hasyl etmeli däldigine, haram pişäniň ahyry bir ýerden

urup çykýandygyna hem akylymyz ýetip dur, emma öňde goýýan maksatlarymyz we oňa sarp edýän zähmetlerimiz şolaryň gowusyna gowuşmakdan üzňe görünýär.

Ybraýym Edhemiň üsti bilen biziň günlerimize gelip ýeten bu tymsalyň manysy, hikmeti näme? Abraý, mertebe, ynsap we wyždan hüjresi gowy adamlaryň hiç wagt terk etmejek menzili, düşelgesi bolmalydyr. Ahyryndaky sowulmaz abraý üçin alnymyzdaky az-owlak zatlara sabyr etmegimiz gerek.

Durmuşyň azdyryjy we ymyzgandyryjy, gaflata batyryjy zatlaryna aňymyzy gidermezlik, sabyr etmeklik hakyky we ebedi bagtyýarlyga eltýän ilkinji hem-de iň ygtybarly ýoldur. Iň arzyly we ajaýyp maksatlary hasyl etmek, beýik mertebeler gazanmak üçin birnäçe sagadyňy sarp etmäge ýaltanma.

Arap alymy Ýusuf al-Karzawynyň şeýle sözleri bar: «Bagtyýarlyk ynsanyň öz içinden dömýändir, ol daşyndan getirilýän zat däldir. Eger-de bagtyýarlyk ynsan kalbynda biten bir daragt bolsa, onda ynam we ynanç şol daragtyň içýän suwy... iýmiti... howasy... we ýagtylygy-nurudyr». Mahlasy, öz beýik maksatlaryň üçin irginsiz zähmet çek. Şonda durmuşyň hupbat däl-de, eýsem, muhabbetdigine aýdyň göz ýetirersiň.

## 16. HAS ÄHMIÝETLI ZATLARA ÜNS BER

Ownuk-uşak gündelik alada-hysyrdylara güýmenip ýörşümize ömrümiz üçin gaýragoýulmasyz işlere perwaý etmeýäris. Özümize ähmiýetli zatlary adaty zatlardan aýyl-saýyl edip bilşimize görä, ömrüň gymmaty we manysy artýar. Durmuşymyzdaky möhüm hem-de has möhüm zatlary saýgaryp-seljermek üçin akyldyr düşbüligimizden peýdalanmak gerek. Ilkinji nobatda, biziň üçin iň haýyrly zadyň we iň zyýanly zadyň nämedigini bilmek, olary inçeligi bilen öwrenmek, takyklamak wajyp. Ýogsam bu ikisiniň parhyny kesgitläp, arasyny açmakçy bolanymyzda, köplenç halatda, özümizi aldaýarys ýa-da

özge täsirlere düşüp aldanýarys. Bizi şeýle bir işler gurşaýar, olaryň ählisi hem juda wajyp ýaly görünýär. Gabat gelşine görä hemmesine hötde geljek bolýarys. Emma käteler maksadymyza gönükdirýän ýol çelgileri bulam-bujar, garym-gatym görünýär. Aladalardan ýaňa ümezläp duran göz nirä ýörejegini, haýsy zadyň has haýyrly boljagyny anyklap bilmän kösenýär. Biz işimizden, hereketimizden az-owlak haýyr tapaýsak dagy özümizi bagtly saýyp, şeýle bir begenýäris.., ýöne azajyk dykgat etsek, şol ýerden has köp haýyr gazanyp boljakdygyna üns bermeýäris.

Ýeterlik yhlas edilmese her arzuwyň öz apaty, her maksadyň öňünde keserip duran çili hem, çilesi hem ýeterlik. Her ädiminde hile, duzak, gapan gurulgy dur. Bu diňe gaýrylaryň gyýa garaýşy zerarly däl, eýsem, özümiziň biperwaýlygymyz, ýaltalygymyz, ugur bilmezligimiz sebäpli peýda bolan böwetlerdir. «Maksadyňy hasyl etmek üçin özüňi lenç edip işlemek» hem şeýle duzaklaryň biri bolup biler, eger-de gaýratyňy sarp etmeli ýerini anyk bilmedik halatyňda... Biraz geňirgenen bolmagyň ahmal, öz maksadyň üçin ýeterlik yhlas etmelidigini gaýta-gaýta ýaňzydyp durkam, bu sözüň ör-gökden getirmegi mümkin. Aýtmak isleýän zadym, seniň döken deriň, aýamadyk janyň, sarp eden güýç-gaýratyň, siňdiren yhlasyň baş maksadyň ölçeglerine laýyk gelip, sarp eden wagtyňa degýän bolsa... käteler biz surnugyp-surnugyp işleýäris, ne dynç alýarys, ne indiki ädimler üçin özümizi dürseýäris, ahyrsoňunda welin, ujypsyz hak-heşdek ýa-da göwrümi gaba bolmadyk üstünlik bilen kanagatlanmaly bolýarys. Yhlasymyzyň ýerine düşmegi üçin ony siňdirýän ýerimizi magat bilmegimiz gerek – ine, durmuşda möhüm zatlary däl-de, has möhüm zatlaryň nämedigini bilmek zerurlygy şunda aýdyň görünýär.

Ählimiziň şaýat bolýan bir ýagdaýymyz bar. Özara gatnaşyklary gowulandyrmak üçin bilýän zadyňy özgeler bilen paýlaşmak, gyzykly gören maglumatyňy olara ýetirmek möhüm we zerur zat, emma durmuşda möhüm zatlardan hem has möhüm zatlar bar – şol edýän

hereketleriň, ädýän ädimleriň seniň baş maksadyňa, arzuwyňa çapraz gelmesin. Bu ýagdaý öz arzuwlaryňy terk edip, esasy maksadyňy gyrada goýup, özüňi maksatsyz pişä bagyş etmek bolýar.

Beýleki ýagdaýlary hem hut şeýle röwüşde ölçäber! Eger-de edýän işleriň esasy maksadyňa gabat gelmeýän bolsa, ýa amalyňa görä maksat-ugur saýla, ýa-da maksadyň bilen utgaşykly işleriň başyna bar.

Kenaryň gyrasyndaky ot maýagynda garawul bolup işleýän birini göz öňüne getir. Eger-de onuň aýlyk gazanjyna düşýän zat ýene-de şol minaradaky çyrany ýakmaga ýetjek bolsa... (ýetýär diýeli)... Bu oglanyň ýuka ýüreklidigi, ýagşy niýetlidigi, hemmelere mähir-mylakat we şepagat gözi bilen bakýandygy uly ile aýan bolupdyr. Ol ýagşylyk etmegi şeýle bir söýer eken. Hemmeler bu ýigidi şol häsiýeti bilenem tanapdyr. Sebäbi ol öz iş-aladasyna gümra bolup, şäherden çykmaýanam eken. Heran-haçan ony gözleseň, ýerinden tapyp bolýan ekeni. Şäher adamlary bolsa... haýsysynyň öýünde çyra ýakarlyk ýagy gutarsa, bu ýigitden birki käse ýag haýyş edip, alyp gaýdar ekenler. Ýigidiňem «ýogy» bolmandyr, «baryndan eçilipdir».

Günleriň birinde golaý-goltumda ýaşaýan zenanlaryň biri ýag haýyşy bilen ýüz tutupdyr. Maşgalasyna ýag zerur bolupdyr. Ýene bir ýaşuly gelipdir, öýde çyra ýakar ýaly ýagyň gutarandygyny aýdypdyr. Az salymdan soňra ýene bir adam arabasyny ýaglamak üçin ýag gerekdigini aýdypdyr. Ýigit adamlaryň özüne ýüz tutmasyny makul görüpdir, begenipdir. Olara ynsanperwer garapdyr, olaryň haýyşyny bitirmegi adamkärçilik hasaplapdyr. Hiç bir adamy eli boş goýbermeýän minara goragçysy olara ýag guýup bermek üçin çelegini açanda... ýakarlyk ýagyň juda azalandygyna, diňe düýbünde sähelçe ýagyň galandygyna göz ýetiripdir. Ol bolsa minarany ýagtyltmak üçinem ýetjek dälmişin. Birdenkä minaranyň yşygy öçüpdir. Şol gije hem birnäçe gämi ugur-ýol bilmezden, heläkçilige uçrapdyr. Käbirleri azaşypdyr. Örän köp adam gark bolupdyr. Boljak zat bolandan soňra garawul bu zatlara çyndan ökünipdir. Jogap bermeli

adamlaryň öňünde ýalňyşyna ökünýändigini ýaňzydyp, ötünç sorapdyr. Ýolbaşçylar onuň ýagşy niýetden ugur alandygyny, özüniň asylly we ak ýürekli ýigitdigini tassyklapdyrlar, ýöne olaryň aýdan sözleri zol-zol gulagynda gaýtalanyp durar ekeni: «Biz şol ýagy saňa özgelere paýlamak üçin däl-de, minaranyň yşygynyň hemişe ýanyp durmagy üçin beripdik...». Ýagşylyk gowy zat, emma ýerini, ýagdaýyny bilip etmek gerek. Hemişe käbir adamlaryň bähbidi üçin hars urup, özüňi we jemgyýetiňi gözden salmak hem dürs hereket däldir. Özgelere ýagşylyk edeniňde öz ýagdaýyňy bilmezligiň ahyry ahmyra goýmagy ahmal.

Bu kyssadan öwrenip, many çykaryp boljak öwütler kän, iň esasysy hem biz gowy zat etjek bolup, has gowusyny ahmal edýäris. Has gowusyny ýerine ýetirmekde bärden gaýdýarys, harsallyga pursat, nogsanlyga ýüz berýäris. Iňlislerde şeýle bir nakyl bar: «Hatda dowzaha eltýän ýollaryň köpüsi hem ýagşy niýetden ugur alýar».

Bu gürrüňler belli musulman alymy Ymam Mälik ibn Enes bilen bagly bir wakany ýatladýar: Ymam ibn Wehbiň ýazmagyna görä, ol bir gezek Ymam Mäligiň mejlisinde ylmy söhbet diňläp, köp zatlary öwrenip oturan ekeni. Birdenkä ol hat-sowat öwrenýän tagtasyny bir gyra goýupdyr-da, namaz okamaga çykypdyr. Gaýtadan ýerine dolanyp gelende Ymam ondan nähili namazy okandygyny sorapdyr. Okuwçysy (ýagny ibn Wehbiň özi) endik eden napile (goşmaça) namazynyň kazasyny alandygyny aýdypdyr. Ymam oňa has möhüm zat barka möhüm zady soňa goýmalydygyny ýaňzydyp: «Seniň sapakdan turup, okap gelen zadyň, bu ýerde terk eden zadyňdan asla haýyrly däldir» diýipdir. Ýagny ylym-sowat we okuw öwrenmek goşmaça namaz okamakdan has haýyrly we sogaplydyr. Sebäbi ýitirilen ylym sagadynyň öwezini gaýtadan dolup bilmersiň, emma goşmaça namazlary islendik wagt hem okap bilersiň.

Bu ýerde Ymam Mälik, ilkinji nobatda, has möhüm, has ähmiýetli, has zerur zatlara üns bermelidigini okuwçysyna öwredýär. Hatda şol edýän işiň Allanyň razylygy üçin okalan goşmaça namaz

bolsa-da, ondan has haýyrly, has ähmiýetli bir iş barka, şoňa eýermek, şony bitirmek eý görülýändir.

Şonuň üçin, dostum, saňa maslahatym bolsun – seniň üçin iň esasy zatlar, esasy arzuwlar, baş maksatlar hemişe aňyňda we ýadyňda bolsun. Ilkinji nobatda, bitirilmeli amallar göz öňüňde gaýtalanyp we gaýmalaşyp, ýadyňa düşüp dursun. Seniň maksatlaryň süňňüňe we köňlüňe, dahanyňdan dökülýän sözüňe we ýerine ýetirýän amallaryňa siňsin. Ýekeje pursadyňy hem asyl maksadyňa laýyk gelmeýän, arzuwlaryňa bap bolmadyk zatlara sarp etme. Ýogsam, özüň duýmazdan, ädimme-ädim asyl maksadyňdan uzaklaşar gidersiň.

Her edýän amalyň, her bitirýän möhüm işiň seni garyş-garyş, ädim-ädim baş maksadyňa ilerledýän iş bolsun. Maksatlaryň bilen ýan-ýana bile ýöreseň, ony hökman hasyl edersiň. Başgaça dowam etseň welin, netije hem başgaça jemlener.

Mahlasy, ilki bilen esasy maksadyň nämedigini bil, amallaryň ähmiýetini baş maksadyňa, özüňe has mynasybyna, laýygyna görä kesgitle. Eger-de seniň maksatlaryňa muwapyk gopup, onuň öňe ilerlemegine getirýän bolsa, bu has ähmiýetli amallardyr. Edýän işiň bilen öňüňde goýan maksadyň hiç hili galtaşygy ýok bolsa, onda ol işi juda bir gerekli bolmadyk zähmetleriň hataryna goşup bolar. Pikirlenip gör, belki-de has möhüm işler, has ähmiýetli maksatlar üçin möhümdir beýleki birnäçe zatlar terk edeniňe degýändir.

## 17. AÝAKLAR TAÝANDA...

Ymam Müslimiň «Sahyh» eserinde şeýle bir waka ýatlanylýar. Rabia ibn Kagbyň gürrüň bermegine görä: «Resulalla maňa hem-de meniň ýanymdan Abu Bekre bir ýer bölüp berdi. Şonda bir hurma daragtynyň haýsy mellege degişlidigi dogrusynda sözümiz çapraz geldi, aramyza dünýä düşdi».

Abu Bekr bu ýeriň özüne degişlidigini, menem özüme degişlidigini öňe sürdüm. Özümizi dünýä höwesine, mülk-mellek meýline eýerledendigimizi duýmandyrys. Gep arasynda Abu Bekriň aýdan bir

sözi maňa juda ýokuş degdi. Bürjeren gaşymdan, damar dartylmasyndan ýaňa tirpildäp duran ýüzümden çen tutup, gödegräk darandygyna Abu Bekr hem göz ýetirdi we ökündi. Soň menden haýyş edip, edil şol sözi özüne diýmegimi, şeýdibem birek-birekden öýke-kine etmän, üzlüşmegimizi, ýaraşmagymyzy sorady. Emma men kes-kelläm garşy çykdym: «Ýok, Abu Bekr, men size gowy sözden başga hiç zat diýmerin, gödek sözi asla dilime almaryn» diýdim. Abu Bekr herneneň haýyş etse-de, menem şol bir heňime tutdum. Ahyry bolmajagyna gözi ýetende, Abu Bekriň gahary geldi: «Eger-de sen şol sözi maňa diýmeseň, senden öýkelidigimi pygambere arz etjek» diýdi. Töwerek-daş bu ýagdaýa gaty geňirgendi. «Gödek sözläp, göwne degen Abu Bekriň özi bolsa hem, öýke edýän hem ýene şol» diýişdiler. Abu Bekr bu meýlini soňa goýman pygambere mälim etdi. Pygamber hezretleri hem bizi ýaraşdyrmak üçin adalatly höküm çykardy – şol sözi Abu Bekriň özüne diýmegimi we bu endişe-kineleri hemişelik unutmagymyzy tabşyrdy. «Eý, Resulalla, men Abu Bekriň şanyna ýagşy sözden başga zat diýmerin. Munuň üçin gaýtadan ýüz tutmagyň hajaty ýok» diýip, bir depen ýerimi depdim durdum. Resulalla hezretleri bu ýagdaýda iň göwnemakul sözüň, çykalganyň Alladan geçirimlilik diläp, birek-biregi bagyşlamakdygyny ýaňzytdy. Men hem aýdyşy ýaly etdim. Abu Bekr bu sözleri eşideninden soňra, bir gyra çekildi we gözünden ýaş damjalary paýyrdap gitdi. Ol hem-ä goýberen säwligine ökünýärdi, hem-de nähak daran adamsynyň özüni bagyşlandygyna begenýärdi.

Bu hekaýatda her birimiziň ünsümizi çekjek çuňňur many bar. Gürrüň bir ekin meýdany hakda gidýär. Ýan-ýana, goňşuçylykda oturan iki sany ýagşy adamyň sözüniň azaşmagyna sebäp bolan zat – ynsana mahsus tamakinlik. «Aramyza dünýä düşdi» diýmegi hem hut şondan.

Geň görünýän bolmagy mümkin, hatda pygamberiň sahabasyny hem dünýä söýgüsi, nebis islegi aldap bilýär, ýeri onsoň ýer ýüzünde gezip ýören beýleki ynsanlar bu duýgudan azatdyr öýdýärmiň? Bir santimetr ýer üçin bir-biri bilen gyrlyşmak hetdine ýetýän, «bu meňki-de, bu meňki» boluşýan adamlar örän köp ahyry.

Mertebesi mukaddes, hormaty keramat derejesinde saýylýan şeýle beýik adamlaryň ýüregine hem dünýämentlik söýgüsi ornap bilýär. Bu ynsany at-abraý we gaýry zatlar babatda heläk edýän ýagdaýlaryň biri. Muňa göz ýumup, «aý, bor-da» diýip geçibermek, ýaramaz häsiýetleriňe dözmezçilik etmek bolmaz. Heran-haçan we her hal-hemişe özümizden dürslügi talap edip durmaly. Şonda-da durmuşda şeýle ýagdaýlar bolup durar. Ýogsam säwlik bilen dürslügi, hata bilen dogryny aýdyňlap bilmän, göwünleriň synmagyna hem-de berekediň dynmagyna sebäp bolarys. Nebis tamasy hemmeleriň, hatda beýik adamlaryň hem ýüregine ornaýar, ýöne olaryň parhly tarapy – bu ýagdaýa dessine akyl ýetirýärler, düşünýärler, hata hereket edendigini bilýärler, ötünç soraýarlar. Bu ýaramaz häsiýeti, tamakinligi umma kowmaga çalyşýarlar, etmişlerine ökünýärler we şol pursadyň özünde ýaraşmagy towakga edýärler. Nebis tamasynyň ýürege girmeýändigi beýiklik däl-de, ondan dessine saplanmak beýiklikdir.

Abu Bekriň beýik häsiýetleriniň ýene biri şu ýerde aýdyň görünýär. Ol dosty bilen jetleşmegiň öňüsyrasynda durka, aňrybaş çep pursatdaka, aňrybaş sag tarapa dönmegi başarýar, dostundan bagyşlamagyny soraýar – bu peslik däl-de, beýiklikdir.

Aýdan ýaramaz sözüne ökünmegi aýypmy? Elbetde, ýok. Gaýta ol şol aýybyny desbi-dähil ötünji bilen ýuwmagy başarypdyr. Ine, şunuň ýaly wakalaryň üsti bilen bize geçirimlilik etmek, toba etmek, bagyşlamak ündelýär, sapak berilýär.

Heý-de, mundan öň biriniň özünden ar almagyny soraýan, özi bilen edil öz edişi ýaly haklaşmagyny soraýan adamy görüpmidiňiz? Abu Bekr şeýtdi ahyry..!

Dostum, men bu ýerde saňa «ýalňyşlyk goýberme» diýip maslahat berjek däl, bu maslahaty menden öňem näçe adam ýatladandyr. Ýöne Abu Bekriň şu häsiýetini welin, öwrenmegiňi umyt edýärin. Sen bu hekaýatdan dessine toba edip, ötünç soramak dessuryny, geçirimlilik etmek dersini öwrenip bilersiň. Şol häsiýetler bolsa adamkärçiligiň esasy sütünleriniň biridir.

Käteler şeýle bir duýgulara gaplanýarys... Ýürege ornaýan howur, duýgy bir säwlik goýberendigiňi ýatladýar, kalbyňda ökünç uçgunlary gaýmalaşyp başlaýar, ruhuňda bir zatdan howp-howatyr harasatlary möwjeýär... bu nämäniň alamaty? Onda düşün, kimiň hak-hukugy babatda öte geçen ýa-da bärden gaýdan bolsaň, haýal etmän, wagt ýitirmän ýanyna bar-da ötünç sora, şonda ýüregiňi gaplaýan ökünç alawlary kem-kemden sowaşar we ruhuň rahatlyk tapar.

Muhammet Ahmet ar-Raşidiň aýdan bir jümlesi bar: «Mömin ýalňyşýandyr, adam bolandygy üçin.., ýöne onuň nebsi-köňli dessine dogry ýola düşmäge ukyplydyr, gaflatdan dessine oýanmagy başarýandyr. Päk adamyň köňli-raýy gaflat çuňluklarynda uzak eglenmez».

## 18. GOPBAMSYLYK – HELÄK EDÝÄN HÄSIÝET

Fizika boýunça Nobel baýragynyň eýesi doktor Ahmet Züweýlden hakyky alymyň aýratynlyklary we çyn alym bilen alymsumagy nähili tanamalydygyny sorapdyrlar.

«Eger-de özüniň beýikdigi, başarnyklydygy, ylymlydygy, asyllydygy hakda söz açýan bolsa, ony diňläbem oturmaň. Çünki hakyky alymlar ylymda bir basgançak ýokary galdygysaýy öňlerinde özleriniň bilmeýän, özlerine düşnüksiz giden bir giňişligiň peýda bolýandygyny görýärler. Melekut äleminiň ýanynda öz bilýänleriniň peşe ganatyça hem ýokdugyna göz ýetirýärler. Ylym we magryfet deňzinde sadaja bir nokatdyklaryna düşünýärler» diýip, ol jogap beripdir.

Beýikligiň möhüm esbaplarynyň biri – durmuş mekdebinde hemişe okuwçydygyňy unutmazlyk. Beýiklere mahsus bir häsiýet – olar öz bilýän zatlarynyň çäginde hereket edýärler we aň-düşünjeleriniň gurşaýan zatlaryny okap bilmäge ukyply bolýarlar.

Jemgyýetiň iň haýyrly adamlarynyň biri – bilýän zadyna asylly amal edýän alymlar. Beýiklige eltýän esasy derwezeleriň biri hem ylym-bilim öwrenmeklik. Öwrenmeli, bilmeli, özleşdirmeli, ýöne hernäçe sowatly bolsaňam, ulumsylyk edip, gaýşaryp ýörmek

gelşiksiz. «Ökdeden ökde bar» diýlen sözi hem ýatdan çykarmaly däldir.

Öz ýeten derejesi bilen buýsanyp, temegini göge dikýänler, wagtal-wagtal özgeleriň ýanynda gazanan zatlaryny ýatlap oturýanlar, aň ýetiren, öwrenen zatlaryny nygtaýanlar we özi bilen magtanýanlar – olar, aslynda, köňüllerindäki boşlukdan we öz başarnyklaryna ynamsyzlyklaryndan ejir çekýän adamlardyr. Üstesine, olar barlykdaky esasy hakykatdan bihabar adamlar, çünki ylma, hakykata, magryfete doly göz ýetirip bilmek adamzada berlen zat däldir. Diňe Allatagala ylym zerrelerini öwrenmegi öz halan bendesine bagyş eder.

Bir gün geler, aslynda hiç hili üns-ähmiýet berilmeýän ýönekeý adamlaryň biri olaryň hiç zat bilmeýändigini paş eder goýbär. Bu, köplenç şeýle bolýar.

Şu ýerde şoňa laýyk bir wakany ýatlasym gelýär. Olaryň biri köp zat bilýändigine hondan bärsi bolýan adam, beýlekisi akylly we üşüklidigine garamazdan, düşbüligi her göze ilmeýän ýönekeý adam.

Günleriň birinde bir çagajyk dellekhanalaryň birine giripdir. Ony göreninden, dellek kinaýa-ýaňsy bilen ýylgyrypdyr. Öňünde oturan adamyň gulagyna pyşyrdap: «Ine, şu çagajyk dünýädäki iň samsyk çaga! Häzir garaş, men sözümi subut edeýin» diýipdir.

Soňra dellek çagajygyň ýanyna barypdyr. Bir eline bir manatlyk pul, beýleki eline elli teňňelik pul goýupdyr-da: «Hany, körpe, şu ikisinden haýsy birini saýlajak?» diýipdir.

Çagajyk elli teňňelik puly saýlapdyr we gidipdir.

Dellek ýene-de kinaýaly ýylgyrypdyr, bu täsin tejribesi üçin özünden hoşallyk bilen gülüpdir. Öňünde oturan müşderisine garap: «Aýtdyma saňa, bu iň samsyk çaga diýip. Ol her gezek gelende şol bir hereketlerini gaýtalaýar. Hemişe az mukdardaky puly saýlaýar» diýip, loh-loh gülüpdir.

Saçyny bejerdeninden soňra, ýaňky adam dellekhanadan çykypdyr we oglanjygy gözläp tapypdyr. Ol süýji dükanynyň agzynda du-

ran ekeni. Elindäki puluna işdäsi alan, iýesi gelen halwalaryny satyn alanyndan soňra, ýaňky adam çagajygyň ýanyna barypdyr. Özüni biynjalyk eden soragy beripdir: «Sen näme üçin her gezek has köp puly alyp bilýärkäň az mukdardaky puly saýlaýarsyň?» diýipdir.

Oglanjyk ol adamyň gözlerine dikanlap seredip: «Eger-de ondan bir manat puly alan günüm ol meniň bilen oýun oýnamagyny bes eder. Onsoňam, şol alan pulum maňa bir günlük süýji satyn almagyma ýetýär. Artykmajy özümde duranyndan, goý, ony dellekçi daýy saklap bersin» diýipdir.

Ol adam bu jogaba – bu herekete haýran galypdyr.

Pespällik hem Allatagalanyň bagyş eden rysgy. Ulumsylyk we hondan bärsilik bolsa kem-kem uçuda golaýlaşdyrýan ýaramaz häsiýet. «Men, men» diýip, diňe özüni bilýän adamlaryň ahyrsoňunda niçiksi duzaga düşýändiklerine durmuş şaýat. Olar dünýäni özi hakdaky gürrüňlerden, söhbetlerden dolduryarlar, üstesine özlerini aşa akylly görkezjek bolup, gözden düşýärler. Soňra ol adama öwrenişýärler we gaýta äsgermän geçýärler, üstünden gülýärler. Ymam Şapygynyň bize duýduryp aýdan bir sözi bar: «Kimde-kim özüne degýän gymmatyndan ýokary baha berse, barybir Allatagala ony hakyky bahasyna gaýtaryp getirer».

Pespälligi özüne hemra edinen adamlar hakyky beýiklerdir.

Dostum, özüne magrur ýaňky dellek ýaly akmak bolma! Özündäki «ýiti üşüge» daýanyp, beýlekileriň ýalňyşlyklarynyň üstünden gülýän dellek ýaly bolma. Hyýal dünýäsinde ýaşap, pöwhelik ýollarynda gezseň, beýlekiler seni oýnar ýörerler.

Mahlasy, beýikligiň aňry çägini, kemalyny Alladan başga bilýän ýok. Her näçe üşügiň, zehiniň, akylyň, sowadyň bolsa-da, özüňe ýa-da öz edýän işleriňe magrur bolma, gomparma, hondan bärsi bolup, hekgerip gezme. Pespällik diwaryndan arkaňy aýyrma. Şonda Allanyň ýollan beýikligi, abraý-şerepi we mertebe-derejesi, sen talap etmezdenem, öz-özi gaşyňa geler we başyňa gonar.

## 19. BIR ÇÄRESINI TAP...

Uly işler üçin ýaradylan, beýik maksatly, batyrgaý pikirli adamlar hemişe uly kynçylyklar bilen ýüzbe-ýüz bolýarlar. Şol uly kynçylyklaryň biri hem hak zady ykrar etmeýän we ajaýyp pikirleri, täzeçilligi inkär edýän düşünjeler bilen garpyşykdyr.

Ýagdaýyň bir çeti haýbatdyr söweşe diräberse has-da howply. Şol halatda işleri ugrukdyrmak we ornundan gozgamak üçin bir çärä ýüz urmaly bolýar. Hyjr süresinde: «Biz olara Asmandan bir gapy açsak we olar şondan ýokary çykyp, melekut äleminiň täsinliklerini görseler hem ynanmazlar, gaýta: «Biziň gözlerimiz baglanypdyr, bize jady edilipdir» diýerler» diýilýär. Garaz, kalby garaňky, aňy ýapyk ynanmajak adamy ynandyrmak hyllalla.

Bu mübärek aýatda adamzady eýelän kejirligiň bir görnüşi beýan edilýär. Kejirlik olaryň akyllaryny şeýle bir gurşapdyr welin, hatda bu häsiýet olary ähli nygmaty, barça ajaýyplygy hasap etmezlige itekläp dur. Bular göze dürtülip duran islendik hakykaty hem inkär etmäge, ýalan saýmaga taýyn. Bular öz boluşlaryny, öz aýyplaryny duýanoklar, gaýta, aýdyň hakykata akyl ýetirmäge derek, «akylymyz sämäp dur öýdýän» diýip, özleri jadylanan ýaly, ile töhmet atýarlar.

Şeýle ýagdaýlarda asylly maksatdan ugur alýan adam näderini bilmeýär. Her bir täzeçilligi inkär etmäge uýgunlaşan adamlary ynandyrmak, yrmak üçin mynasyp ýol, usul agtarýar. Bir hilä ýüz urmasaň, sagdyn we bişen akyl arkaly olar bilen iş salyşmak mümkin däl. Şonuň ýaly pursatlarda dadyňa ýetişjek bir çäräm bar, şony ulanmagyňy maslahat berýärin.

Aslynda, köp wagtlarda şahsy duýgular we medeni aň, ruhy gözýetim mantykdyr akyldan rüstem gelýär.

Käbir adamlar öňki düşünjesine pugta ýapyşyp durýar, hatda şol işleriniň soňy-netijesi göwne ýarar ýagdaý bilen tamamlanmaýan hem bolsa, täze bir zadyň durmuşlaryna ornaşyp, öňküje öwrenişen gününi, ýagdaýyny özgertmeginden çekinýärler. Şeýle bir söz bar: «Ynsan bilmeýän zadynyň duşmanydyr (ýagysydyr)», ýagny adamlar

özleriniň bilmeýän, akyl ýetirmeýän zatlaryny inkär edýärler, ýalňyş hasap edýärler. Şeýle ýagdaýda akylyňy işledip, bir hile-mekirlige ýüz urmagyň haýry degse gerek. Özüňdäki akyl we hüşgärlik, ýitilik we zehin arkaly olaryň akyllaryny özüňe çekjek bir hakykaty pikirlen. Saňa gürrüň berjek bir taryhy wakam aýtmak isleýän zadymy has aýdyň düşündirip berer.

On sekizinji asyrda Beýik Britaniýada şeýle waka bolup geçýär.

Kristofer Fraýn örän zehinli, seýrek talantly adam ekeni. Ol döwrüniň ylym-bilim deňzinde gulaçlap ýüzüpdir, gaty köp ugurlardan ussatlyk bilen baş çykarypdyr. Esasanam, astronomiýa, asman-pelek ylymlary, matematika, geometriýa ugurlaryndan zehinli ekeni. Günleriň birinde Westminster şäheriniň häkimligi oňa bir ýumuş tabşyrypdyr. Häkimlik üçin kaşaň binanyň taslamasyny sorapdyr. Guruljak binanyň çyzgylary bilen tanşan häkim bu taslamany kabul etmekden ýüz öwrüpdir: «Bu teklibiň kabul ederlikli däl. Çyzga seredeniňden eýýäm ikinji gatyň çökmek howpuny duýup bolýar» diýipdir.

Fraýn häkimiň ýagdaýyna düşünipdir. Sebäbi häkimiň aňynda ikinji gatyň howpludygy we onuň çökäýmek ähtimallygy hakdaky düşünje berçin ýaly mäkäm orun alan ekeni.

Kristofer bu pikirleriň gury howsaladygyny düşündirmäge synanyşypdyr. Şäherdäki kaşaň jaýlary mysal getirip, ol ýerde gurnalan her bir sütüniň binanyň durkuny saklaýandygynyň boş gürrüňdigini tekrarlapdyr. Emma häkim öz pikirinden dänmändir. Kristofer gönümel aýdylan hakykatyň oňa täsir etmejekdigine göz ýetiripdir. Ylmyň gazananlary, inženerçilik kanunlary we binagärlik aýratynlyklary bilenem häkimi raýyndan gaýtaryp bilmändir. Garaýşyny gozgamagy başarmandyr. Kristofer başga çykalga tapmansoň, bir mekirlige ýüz urupdyr.

Ol häkimiň nämeden gorkýandygyny içgin sorapdyr. Häkim oňa binanyň pylan ýeriniň çökäýmeginiň ähtimaldygyny ýaňzydyp, «Şol

ýerde iki sany sütün goýulsa, ikinji gat aşak çökmez ýaly ygtybarly bolardy» diýipdir.

Inženerçilik çözgüt babatda şol iki sütüniň gerekli däldigine garamazdan, Kristofer häkimiň pikirini kabul edip, işe girişmäge rugsat alypdyr. Şeýtmese, bilýän ähli ylmynyň, başarýan barça zadynyň häkimi bu gorkulardan halas edip bilmejekdigine göz ýetiripdir.

Kristofer binanyň gurluşygyna başlapdyr. Şäher häkiminiň aýdyşy ýaly, hut şol ýerde iki sany sütün hem galdyrypdyr. Ajaýyp we kaşaň ymarat peýda bolupdyr.

Aý-günler aýlanypdyr, birnäçe ýyllardan soňra binany rejelemek, käbir ýerini, durkuny täzelemek kararyna gelipdirler. Şol ýerde işgärler bir täsin ýagdaý bilen ýüzbe-ýüz bolupdyrlar. Birinji gatda gurlan iki sany sütün ikinji gata birnäçe santimetr ýetmezden tamamlanýan ekeni.

Kristofer näme edipdir?

Daşky görnüşi şol adamyň – häkimiň aýdyşy ýaly, ýöne beýleki tarapdan, öz bilimi, başarjaňlygy we sungaty bilen, häkimiň garaýşynyň ýalňyşdygyny subut edipdir. Häkimiň özi hem birnäçe ýyldan soňra muňa göz ýetiripdir – şol iki sütün bolmasa-da, bina öz durkuny bozman saklajak ekeni.

Ata-babalarymyzyň gadymdan gelýän bir hikmetli sözi bar: «Hiç hili çäre tapmasaň, onda bir hile tap».

Söhbetdeşiň gaýa deýin gozganmaz garaýşynyň öňünde deprenip durma, daş gaýalara maňlaýyň bilen nagyş saljak bolma.

Pikir et we amal et. Ýagdaýa ähli taraplaýyn seret we bir çykalga-çözgüt, usul-ýş, hile-çäre gözle, hökman taparsyň.

Işiňde ýa öýüňde, ýanýoldaşyň ýa-da başlygyň bilen bagly wakalarda, ýa-da dostlaryň bilen gatnaşyklarda şu zeýilli ýagdaýlar bilen gabatlaşyp bilersiň. Şonda olaryň üýtgewsiz garaýyşlary seni ýadatsa-da, pikir et, oýlan, bir çäresini tap we täsir et.

Ýogsamam, aýan-aýdyň zatlary düşündirmek iň kyn işleriň, ýagdaýlaryň biri hasaplanylýar.

## 20. ORTASYNA ÝETENDE ÜZÜLÝÄN HEKAÝATLAR...

Durmuş hakdaky pikirlerden nähili peýdalanyp bileris?

Bu sowalda üýtgeşik zat ýok we ol göwnüçökgünlige getirjek şum pikirleri oýaranok. Men diňe şeýle sowalyň üsti arkaly gazanyp bolýan peýdalara we manylara ünsüňizi çekmek isleýärin.

Şek-şübhesiz bu kitabyň awtory ýa-da bu setirleri okap oturan adam günleriň birinde Zeminiň ýüzündäki syýahatyny kesip, täze durmuşa başlar – elwan nygmatly jennete ýa-da azaply tamuga düşer.

Akyly goýalyşan adamlaryň ählisi hem haçandyr bir wagt ýaşaýyş, durmuş we ölüm hakda çynlakaý pikir edendirler. Hatda dünýäniň zer-zynatyna, ter gunçasyna, meýlisdir gyzygyna meşgul bolanlar hem bu hakda pikir öwren bolmaly. Kalby we akyly oýa adamlaryň ýaşaýyş we durmuş hakda hersiniň özboluşly garaýşy bardyr. Ömrüň paýawlamagy hakda hem pikir etmeli, emma berlen ömri manyly ötürmek hakda has çynlakaý oýlanmak gerek. Ömürboýy bir niýete gulluk edip, pille paýawlan çaglary ähli edenleriňe ökündirjek, ahmyra goýjak amallara irgözinden akyl ýetirmek döwletlilikdir. Durmuşdaky gözellikleri görmegi başarmaly, gözel işleri etmeli we özgelere hem şatlyk paýlamagy maksat edinmeli. Eýsem, sen adamlara şatlyk umytlaryny çaýýarmyň ýa-da tukatlyk duýgularyny paýlaýarmyň?!

Tanymal nemes filosofy Gýote tukat we diýseň gamgyn durmuş sürüpdir. Ol her gün agşam uka batanynda ýassygynyň aşagynda hanjar goýup ýatar ekeni. Dünýä durmuşyndan irenligi üçin, bir gün oýanyp, şol hanjar bilen dünýewi durmuşynyň soňuna nokat goýmak niýetinde eken. Ýöne özüne kast etmek islegi başa barmansoň, bu gözgyny durmuş hakda gürrüň bermegi, hasratly ýaşaýşy eserlere siňdirmegi ýüregine düwýär. Her ýazan hekaýasynyň soňunda gahrymanyny pajygaly ýagdaýa uçradýar.

Ýazan gaýgyly eserleri bilen müňlerçe adamy agladan Alam Werter segsenden gowrak ýaşady. «Hemmeler meni bagtly adam

hasap edýärdi. Ömrümiň bir pursadyndan nadyl bolan ýerim ýokdur, emma boýnuma alýaryn, muňa garamazdan bütin ömrümiň dowamynda adamlara diňe gaýgy-gam, gynanç, alada, agy we agyr duýgulardan başga zady paýlamadym. Ömrüm boýy bir aý rahat ýaşandyryn öýdemok. Meniň durmuşym bir agyr daşy depä iterip çykarmaklyga meňzeýärdi – her gezek şol daşy depesine çykardym diýenimde, ol ýene-de aşak togalanyp gaýdýardy. Men ýene-de şol geçen ýolumy gaýtadan geçýärdim, täzeden synanyşýardym» diýip ýazýar.

Arasynda ajaýyp pursatlaryň, gönençlikleriň kändigine garamazdan – olaryň pikiriçe, ýaşaýyş diňe görgi we kösençlik. «Ýaşlygymdan başlap garrylygyma çenli her geçen menzilimi göz öňüne getirýärin. Ýaşlyk döwrümde ýanymdan aýrylmadyk dostlarym bireýýäm panyny terk etdiler. Şol zatlar hakda oýlanyp oturyşyma, bu dünýä tomusky dynç alynýan wagtlaýyn myhmanhana ýaly görünýär» diýip, Gýote ýazýar.

Gýotäniň bu durmuşy tomusky myhmanhana meňzetmesi hakynda oýlanýaryn. Ol bu ýerde bolýan adamyň asuda, arkaýyn gezmejekdigini, basym gitmeli boljakdygyny bilýän ýaly görünýär. Ynsan basym bir otla ýa-da uçara münüp, bu ýerden gitmeli ýolagçy kysmy. Ol ýantorbasyna zerur gerekli esbaplaryny alyp, ýol şaýyny tutup, taýýarlykly oturmaly. Bu wagtky ornaşan ýeri bolsa, arkaýyn oturyp boljak ýer däl. Ol diňe basym ýola düşmeli ýolagçynyň sähel salymlyk demini dürsemek üçin düşleýän menziline meňzeýär.

Meşhur musulman alymy Muhammet al-Gazalyda hem hut şeýle pikirler bar. Ol sapar-syýahatlary mahalynda bir myhmanhanada düşläpdir we öz oturan otagy hakda pikirlenip: «Menden öňem bu hüjrede, otagda, gör, näçe adam düşläp ötendir. Menden soňam ençeme adam bu otagda bolup gider, meniň ornumy hem biri alar. Bu otaga meniň dahylymyň ýokdugyny, bolsa-da örän gowşakdygyny diýsene. Bu otag, aslynda şu myhmanhana maňa dünýä durmuşyny ýatladýar. Wagtlaýyn bolunýan menzil düşelgä meňzeýär».

Dogrudanam, bu ýerde her kim öz aladasy bilen başagaý. Myhmanhanada düşlänler her kimsäniň öz işine gümradygyna göz ýeti-

rerler. Olary diňe birek-birege mähirli ýylgyryşlar we salamdyr baş atyşlar birikdirýär diýmeseň, başga baglanyşygy bara meňzänok. Ine, her täze nesil şeýdip bu saraýa düşleýär we wagty-pursady dolanda, göçüp gidýär.

Bu subut edilmezden düşünip bolýan hakykat bolsa-da, oňa görä edýän hereketlerimiz, özümizi alyp barşymyz juda parhly gelýär. Çünki biziň edýän işlerimiz, ýerine ýetirýän amallarymyz bu zatlara bolan ynam-imanymyzyň ölçegini, derejesini delillendirýär.

Dünýä lezzetine gereginden artyk çümmek, nebis meýline artykmaç imrinmek, maksatlarymyzy hasyl etmek üçin hapa-haram müň dürli usuly, ýoly ulanmak... biziň bu düşünjelerden gapyl gezip ýörendigimizi görkezýär.

Durmuş bir sapar-syýahatdyr. Ädimleriňi haýallatjak, ýüküňi agraltjak ýa-da seni aşak dartjak amallary, pygyllary etmezlige çalyş.

## 21. ÖMRÜŇ SOŇKY TOGSAN GÜNI...

Kimdir biri «Seniň ömrüňden togsan gün galdy» diýse, bu gulaga iň ýakymsyz habarlaryň biri bolup ýaňlanar. Emma bu sözler hakykatdan-da bir adama diýlipdi...

Gürrüň berjek zatlarym hakynda çuňňur pikirlen, oýlan, göz öňüne getir we gerekli manylary çykar... Men saňa şol sözleri gulagy bilen eşiden bir adam hakynda gürrüň bereýin. Ol şondan soň millionlarça adamyň ýüregine ornan iň owadan, ajaýyp we täsirli çykyşy bilen hemmeleri geň galdyryp bildi, ýogsam ömrüniň sanaýmaly gününiň galandygyna hem akyly çatyp durdy.

Ol Rendi Pauş, Karnegi uniwersitetiniň kompýuter ylymlary boýunça professory, ABC bekedini gurnaýjy, 2007-nji ýylda dünýädäki iň täsirli 3 adamyň biri, «Taýms» žurnalynyň kesgitlemegine görä, dünýädäki 100 sany iň täsirli adamlaryň biri. Ine, şu adama, haçanda ol kyrk ýedi ýaşyndaka, ömrüniň bary-ýogy togsan gününiň galandygyny habar beripdirler. Sebäbi ol ötüşen rak keselinden ejir çekýän ekeni.

Bu habary eşiden Rendi talyplaryny, dostlaryny we eý görýän adamlaryny, ýakynlaryny ýygnap, olaryň öňünde «Çagalyk arzuwlaryny hasyl etmegiň hakyky ýollary» atly meşhur leksiýasyny okap beripdir. Ol adamlara bu leksiýasynyň iň soňky söhbetdigini we bu dünýäni terk etmeli bolýandygyny, ýakynda ahyrýete göç etmeli boljakdygyny habar beripdir. Ol munuň üçin gözýaş dökmändir, sebäbi berk, çydamly adam eken. Üstesine onuň esasy maksady adamlary ýagşy işlere, durmuşa höweslendirmekden, maksatlaryny hasyl etmäge ruhlandyrmakdan ybarat eken.

«Munuň iň soňky leksiýaňdygyny bilip durkaň, sen nämeler aýdyp ýetişerdiň? Sende iň soňky pursatlar barka, sen bu dünýäde nämeleri amal edip bilerdiň? Seniň bu dünýä üçin galdyrjak wesýetiň we mirasyň näme bolardy?» diýip, Rendi olara ýüzlenipdir.

Rendi şähdaçyk, şadyýan adam ekeni. Gelenleriň biri ondan «Durmuşdan lezzet alyp ýaşamagyň ýollaryny we ähmiýetini» aýtmagy haýyş edipdir. «Men ony has giňişleýin beýan ederdim welin, ol sözlerimi eşitseňiz, suwa suwsaýan balyk ýaly görünmegim mümkin» diýip degşipdir. «Aslynda men, nädip lezzet alman ýaşap bolýandygyny bilemok. Hatda soňky demimde hem degşip-gülşüp, şähdaçyklykdan el üzmän giderin. Şu wagta çenli hemra bolan bu häsiýetimi ömrümiň ahyryna çenli hem dowam ederin (terk etmerin). Dogrusy, şeýtmekden başga ýol hem ýok» diýip jogap beripdir.

Soňra ol öz durmuşy, başdan geçirmeleri, öňünde keseren kösençlikler, dulugyny gyzardan şowsuzlyk şarpyklary, ýeňip geçen kynçylyklary hakda gürrüň beripdir. Ol näçe gezek uniwersitetden yzyna gaýtarylypdyr, pikirine gulak gabardylmandyr, emma ol umydyny asla ýitirmändir. Soňra köplere täsir eden bir wakasyny ýatlapdyr. Ol uniwersitetde okaýarka okadylýan sapaklaryň juda kynlygyndan ejesiniň ýanynda zeýrenipdir. Ejesi oňa: «Şunuň ýaly juwan ýaşyndaka kakaň Ikinji jahan urşunda duşmanlara garşy göreşýärdi» diýipdir. Bu sözler Rendä aýratyn güýç-kuwwat, takat we ylham beren ýaly bolupdyr. Ol bir özi oturypdyr we mundan soňra hiç wagt

lapykeçlige düşmeli däldigine, diňe ynamly öňe ilerlemelidigine göz ýetiripdir. Hatda iň agyr, kyn halatlarda hem özüňi çawýan oklaryň penjesine oklamaly däldigine, teşnelikden ýa-da kösençlikden ejizläp, jan bermeli däldigine düşünipdir.

Rendiniň aýtmagyna görä, eger-de ynsan zeýrençdir lapykeçlige sarp edýän energiýasynyň ondan birini müşgil meselesini çözmäge bagyş etsedi, ol duýdansyz örän köp çözgütleriň üstünden barardy.

Soňra ol agyr bergä batan bir zenanyň kyssasyny gürrüň beripdir. Örtenmelerden, birahatlyklardan we çaýkanmalardan halas bolmak hem-de durmuşyň egninden basýan agyr labyryny unutmak üçin ol zenan ýoga bilen meşgullanyp başlapdyr. Ýoga bilen özüne teselli tapmagy, özüni bejermegi ileri sürüpdir. Rendi: «Eger-de şol aýal ýoga üçin sarp eden wagtyny haýyrly amala ýa-da şol amaly salgy berjek pikirlere sarp eden bolsa, onda ol karz keselinden birwagt gutulardy. Sag-aman üzlüşerdi. Biz karz keselinden dynmagyň pikirini etmeli, onuň agyr täsirini azaltmagyň däl-de...» diýipdir.

Bir gün ol heniz çaga wagty Disneýlende gidipdir. Ol ýerdäki täsinliklerden, dürli oýunlardan lezzet almaga derek, onuň kellesinde «Şunuň ýaly üýtgeşik zatlary nädip ýasap bolarka?» diýen pikir aýlanyp duran eken.

Karnegi uniwersitetini tamamlanyndan soňra, ol işe ýerleşmek maksady bilen diplomyny we arzasyny Uolt Disneý kompaniýasyna hödürläpdir. Emma kompaniýa onuň islegini ret edipdir. Rendi umytdan düşmändir. Ol: «Öňümizde keserýän her bir böwet bizi has beýik maksatlara gönükdirmek üçindir» diýen pikire uýýan eken.

Ol durmuş kötelliklerini adaty bolaýmaly ýagdaýlar, pursatlar hökmünde kabul edipdir. «Hudaý bu kynçylyklary, böwetleri bize päsgel bermek, maksatlarymyzdan, arzuwlarymyzdan bökdemek üçin ýaratmady... asla beýle däl... bu ýaltalaryň pikiri... Ýaradan ol kynçylyklary bizi barha taplamak, taýýarlamak we has uly ýeňişleri gazanmagymyz üçin döretdi. Böwetler, kynçylyklar beýik maksatlary amala aşyrmak üçin döredilen, ýasalan zatdyr» diýer eken.

Soňra ol ene-atalary we terbiýeçileri, mugallymlary öz çagalarynda oýlap tapyjylyk, döredijilik ukyplaryny ösdürmäge, oýarmaga çagyrypdyr: «Goý, çagalaryňyz özlerinde bar zehini, ukyby ýüze çykarsynlar. Olaryň zehinlerini ýaşyryp saklamaň ýa-da öňüni bökdemäň. Goý, olar isleseler öýüň diwaryna, köçelere surat çeksinler, ol suratlara öz islän reňklerini bersinler. Bu çagalaryň öz ukyp-başarnyklaryny, isleg-arzuwlaryny ýüze çykarmagyň tebigy ýoly. Şunuň ýaly ýagdaýlarda dürli bahanalary, delilleri tutaryk edinip, olara gadaganlyk girizmek hatarly netijelere eltip biler.

Kiçijikkäm menem hut şeýderdim, enem-atam munuň üçin maňa gaharlanmazdy, käýemezdi, gaýta edýän işlerimden lezzet almagym, has höwesli ýapyşmagym üçin meni ruhlandyryp durýardylar» diýipdir.

Soňra ol sözüniň üstüni ýetiripdir: «Mundan birnäçe ýyl ozal bolan bir wakany gürrüň bereýin. Täze satyn alan ulagym bilen uýamyň çagalaryny hem alyp, maşynda gezelenç etmegi ýüregime düwdüm. Uýam bu pikirimi oňlady we çagalarynyň ýanyna gelip, olara duýduryş baryny berip başlady: «Daýyňyzyň ulagynyň arassalygyna üns beriň, ol täzeje maşyn, onuň içinde bökjekleşmek bolanok, aýnalaryny açmak bolanok, nämedir bir zadyny zaýalamak bolanok, ulagyň içini hapalamazlyk üçin buzgaýmak iýmek bolanok...». Ol şeýle duýduryşlaryny birnäçe gezek gaýtalady.

Bu duýduryşlary gaýta-gaýta diňlänimden soň näme edendirin öýdýäňiz? Elbetde, munuň üçin uýama hoşallyk bildirmedim, alkyş aýtmadym. Gaýta, gazly suwlaryň birini açdymda, onuň içini ýaňky maşynyň üstünden eňterdim.

Bu hereketimde hiç hili dälilik ýokundysy ýok. Ynsanyň edip biläýjek ýa-da edesi gelýän zatlarynyň öňünde böwet goýsaň, ol üstünlik gazanyp bilmeýär. Onuň şu wagtky isleglerini bökdemek geljekde gazanjak üstünlikleriniň öňüne böwet bolmak bilen barabardyr. Ömür boýy «ony eýdäýmäň, muny beýdäýmäň» diýen ýaly duýduryşlar bilen gulaklary ganan çagalar, ulalansoňlar hem edesleri

gelýän zatlaryny ýerine ýetirmekden çekinýärler, hatda özleriniň eý görýän arzuwlary, islegleri, maksatlary babatda hem aňynda berkän şol gadaganlyklar ýaramaz täsirini ýetirip durýar... iň gowusy, hemişe haýyr işe ruhlandyrmaly we tutuş jemgyýete zyýany ýetmeýän bolsa, öz arzuw-isleglerini özleriniň amala aşyrmagyna pursat bermeli. Bu ýagdaý olaryň terbiýesine göz ýummaly, her bir häsiýetine sowuk-salalyk bilen garamaly diýdigim däl, ýöne öz isleglerini ýüze çykarmagyny öwretmeli.

Men şeýtmek bilen, uýama, onuň çagalaryna we hemmelere şu hakykaty ýaňzytmak isleýärin – «ynsan zatdan gymmatdyr, hemme zatdan ähmiýetlidir».

Soňra Rendi durmuş sapaklarynyň ýene birini gürrüň beripdir. Ol hem adamkärçilik häsiýetlerini we mähir-muhabbeti hemişe ilkinji orunda goýmak hakynda ekeni. Rendiniň gürrüň bermegine görä, ol işe başlaýan uçurlary kompýuter-hasap ylmyndan sapak berýän ekeni. Ýöne talyplaryň biri sapaga ünssüz çemeleşip, synagdan geçip bilmändir. Tasdanam okuwdan kowlan ekeni. Rendi derrew dekanyň ýanyna baryp, bu talybyň kompýuter babatda adaty däl başarnyklarynyň bardygyny, onuň bu sapaklary doly özleşdirip biljekdigini, talybyň okuwyny dowam etdirmeginiň tarapdarydygyny aýdypdyr. Dekan Rendi bilen ylalaşypdyr. Ýöne eger-de talyp ähli derslerini özleşdirmese we tapawutlanmasa, onda Rendiniň sözüni ygtybarsyz hasaplap biljekdigini duýdurypdyr. Rendi munuň bilen razylaşypdyr. Ol başga bir adama kepil geçmek bilen öz geljegini howp astynda goýupdyr. Ýöne Ýaradan Rendiniň umydyny puç etmändir.

Şu ýerde bir sowal beresim gelýär: Bizden näçe kaka öz ogly bir sapagy özleşdirip bilmese, üstünlik gazanmasa, onuň geljegine kepil geçip bilýär? Onuň geljekde beýik we sowatly adam bolup ýetişmegine näderejede ynanyp bilýär?

Rendi okuwçysyny ýanyna çagyryp, şeýle öwüt beripdir: «Oýnuň (Kartyň) kagyzlary köne, ýaramaz diýip, oýny bes edip bilýärmiň? Oýundan çykmaly däl-de, ýagdaýa görä hereket edip, has gowy, has

ussatlarça oýnamaga synanyşmaly. Älem gowşak serkerdeleri ykrar edýän däldir. Nalajedeýin adamlar äleme zyýan-zelelden başga zat getirip bilmeýär. Diňe gaýratly, dogumly, tutanýerli, erjel adamlar ähli adamzat üçin beýik işleri bitirmäge ukyplydyrlar. Ejiz, iş başarmaz adamlaryň ady taryhda baky galmaýar, hatda olaryň ady gündelik ýa-da hepdelik gazet-žurnallara hem çykmaýar ahyry» diýipdir.

Elinde ýanyp duran alawy göterip, kynçylyk temençeleriniň, kösençlik myhlarynyň hem-de tiken deý awuşadýan közleriň üstünden aýakýalaň ýöremeýänleri taryh ykrar etmeýär. Diňe şeýdeniňde dünýä nusgalyk ösüşleriň hötdesinden gelersiň. Diňe tutanýerli, erjel bolan halatyňda Zemin adalatyny, Asman nuruny, Ýaradan ýardamyny gazanyp bolýar. Bularyň üsti bilen köpe ýaşyryn bolan kiçi we uly aýat-alamatlary hem saýgarýarsyň, görýärsiň.

Rendi öz söhbedini şeýle sözler bilen tamamlapdyr: «Meniň bu leksiýam üç oglum üçin ýol kartasy bolar». Soňra ýylgyrypdyr we olar bilen mähirli hoşlaşypdyr. Ol öz söhbedini talyplarynyň şowhunly el çarpyşmalarynyň we gözýaşlarynyň arasynda jemläpdir.

Rendi 2008-nji ýylyň 25-nji iýulynda 47 ýaşynda dünýäden ötdi.

Emma onuň aýdan sözleri, ýüzleriniň mähiri we durmuşa bolan joşguny bu leksiýany internet arkaly tomaşa eden millionlarça ynsanyň wyždanyndan aýrylmady. Rendi özüniň ýazan kitabyny okan millionlarça adamyň ýüreginden gitmedi. Onuň kitaplary otuzdan gowrak dile terjime edildi.

Ölümiň ýyldyrym çaltlygynda bäri süýşüp gelýändigini bilip durkaň hem gaýratly, mert bolmagy hemmeler başarmasa gerek. Emma onuň sözlerinden we özüni alyp barşyndan welin, nusga almak gerek.

Rendi özüniň soňky günlerini bilip durka hem şeýle haýyrly işlerden elini sowatmandyr. Sagat janymyz, sagdyn düşünjämiz barka, biz dünýäniň gadyr bilen gujaklajak, mähir bilen garşylajak ençeme işlerini edip bileris.

Halk arasynda şeýle bir söz bar: «Ömür uzak ýaşanlygyň bilen däl-de, il-güne näme bagyş edenligiň (berenligiň) bilen ölçelýär».

## 22. RUHUŇ ÖZÜŇDE BOLSUN!

Bu waka henizem gowy ýadymda.

Öýlän sagat ikide kakam işden gelýär. Elindäki zatlary eýwandaky stoluň üstünde goýanyndan soňra öz otagyna girýär we birsellem demini dürseýär, irkilýär. Öýle nahary taýýar bolanda, ejem ony ukudan oýarýar. Nahar iýeninden soňra ol gazetlere azrak göz gezdirýär. Käwagtlar çaýyň lezzetini alyp, telewizora tomaşa edýär. Garaňky gatlyşandan soňra dostlary bilen gümür-ýamyr etmek üçin gidýär we ýatar wagtlary öýe dolanýar. Ol irden oýanmak we endik eden gününi täzeden gaýtalamak üçin uka batýar. Şonda-da olar dünýä, durmuş hakda özlerine ýeterlik zatlary bilýärdiler we özlerine agram salmazdan, döwran sürýärdiler.

Ynsan ähli argynlygyny, jyrlap goýmaýan el telefonyny, yşyjaklary ýanyp-öçüp duran elektron poçtasyny unudyp, rahat dem-dynç alyp bilermi? Durmuşyň hakyky mazasyny duýup bilermi? Nädip ýaşaýyşdan lezzet alyp biler?

Munuň çykalgasyny dessine aýdarsyňyz: has gowy ýaşamak üçin ylgamaly, yhlas etmeli, irginsiz zähmet çekmeli diýersiňiz. Köplenç we gaýta-gaýta ýatlaýan bir jümlämizi hem suňşuryp galarsyňyz: «Ýogsam-da, elimizden başga näme gelýär?»

Nebis islegleri hakyky isleglerden öňe geçende, ynsan bu zynatly dünýäniň guluna öwrülip galýar – rahatlygyny we gaýry hemme zadyny üpjün durmuşyň hyzmatyna gönükdirýär. Doýmaz-dolmazlygy zerarly ähli zadyň öz penjesine ýygnanmagyny isleýär. Elindäki hemme zady pida edip, öňküdenem has köp zady gazanmaga çalyşýar. Bahasynyň örän ýokarydygyna, galadygyna garamazdan, onuň ahyrynda peýdasynyň bolup-bolmajakdygyna üns bermezden, hemme zady holtumyna sygdyrmak isleýär. Hamana, teninde ruhy gaýyp bo-

lup, oňa derek diňe nebis ornaşan ýaly bolup dur. Onsoň barha işdäňi açýan dünýä eşretine gözüňi ýumup – baryňa kanagat edip, uludan rahat demiňi almak çetin zada öwrüliberýär. Biz nebse gyzygyp, ruhuň isleglerini unudypdyrys. Ruhuň göwnüni görmegi arka zyňypdyrys.

Käteler dälize çykyp ýa-da penjireden daş-töweregi, tebigaty synlap, bu gözellikler, barlyklar hakynda oýlanyp, pikirlenip, tomsuň gijeki salkynlygyndan lezzet alyp bolar ahyry... şeýtmek bilen biz ruhumyzy ýokary göterjek maşklary ýerine ýetirýäris. Ruhumyz gowşak ýa-da ýorgun bolsa, onda süňňümiz ondan birnäçe esse argyn we tapsyz zada öwrüler.

Adamlaryň biri gözleg-agtaryş işlerini geçirmek üçin birnäçe işçini hakyna tutup, ýola düşüpdir. Derrew maksatlaryna ýetseler, olara esse-esse hak tölejekdigini wada beripdir. Aljak haklaryny göz öňüne getirip, işçiler arabany we ähli ýükleri çekip başlapdyrlar. Ýöne birnäçe sagatdan soňra olaryň ählisi uludan dem alyp, daljygyp, ýere ýykylypdyrlar. Gözlegçi adam olara has artyk, öňküden-de artyk baýlyk, pul, sylag bilen höweslendirmäge çalşypdyr. Emma bu hoşamaý wadalar hem olary gurbatyna getirmändir: «Hojaýyn, biz başda ýola düşenimizde hiç bir maksatsyz, hiç bir pikirsiz girişipdiris. Indi ruhumyz özümize dolanýança biraz dynç almakdan başga çärämiz ýok» diýipdirler. Beýik maksatlar üçin uly nebis däl-de, sagdyn we gaýratly ruh gerek.

Haçan özümize gelip bileris, haçan batyl düşünjeleri döredýän düýşlerden oýanyp bileris?

Haçan gaýratymyza galyp, öz ýagdaýymyza hem göz aýlarys.. durmuş hakdaky garaýyşlarymyza üýtgeşiklik girizeris... haçan gerek ýerinde dynç alyp, gerek ýerinde öňe ýöräris...

Mahlasy, özüňe, ruhuňa rahatlyk bermezden, diňe nebis çarpaýyna atlanmak, bedew bolup çapýan durmuşyň yzyndan pyýada kowalap ýetjek bolmakdyr. Tutuşlaýyn tutup bolmaýan dünýäniň yzyndan at salmakdyr. Arzuwlar hiç mahal hem tükenmeýär. Dünýä durmuşyndaky wakalar, aý-günler, döwürler bu hakykaty bize gaý-

ta-gaýta ýaňzydýar, emma biz oňa gulak asamzok: ähli arzuwlaryny hasyl eden we dünýäden geregini kämil alan hiç kim ýokdur.

Arzuw etmeli, öňüňde beýik maksat goýmaly. Köp işlemek bilen netijeli işlemegiň arasyndaky parha, tapawuda akyl ýetirmeli. Dünýäniň, durmuşyň gözelliginden üzňe bolmazlyk hem-de ruhumyzyň özümize ýadyrgamazlygy üçin gerek ýerinde nepesimizi dürsemek, dem-dynç almak hökmandyr.

## 23. AHYRYNDA KIM BOLARYN...

Hemmelerden hemişe gizlemek isleýän bir zadym bar, emma her zada garamazdan ol mende bar!

Men size özüňe göwnüýetijilik, magrurlyk, şöhratparazlyk, ada kowalaşmak hakda gürrüň bermek isleýärin.

Eden işlerime, jaýdar aýdan sözlerime ýa-da köpleriň göwnüne ýaran çykyşlarym üçin öz ýanymdan monça bolan gezeklerim örän kändir.

Ähli ukyp-başarnygy, üstünligi, şowlulygy bir Allanyň berýändigini anyk bilip durun, ýöne nebsiň hökümi zory, haý-höwesleriň aldaýjy hile-pirimleri hem bir ýanyňdan galanok.

Käwagtlar özbaşyma oturýan-da, oýlanmalara çümýärin, özümden soraýaryn: Gara ýeriň gujagynda, gör, nijeme adam bar, menden öň bu ýerlerde at segredip gezenler, menden has güýçli bolanlar... onlarça.. ýüzlerçe, müňlerçe.. millionlarça..

Erkekler we zenanlar.. çagalar we garrylar... baýlar we garyplar.. möminler we asylar... bizi badyhowa şöhrata odukdyrýan, iterýän sebäp näme?

Özüňdäki akyl-üşügi iliňkiden artykdyr öýdüp, gollaryňy ganaty petekesine sygmaýan guşlar kibi gabardyp ýöremek, özgelere äsgermezlik bilen bakmak, ulumsy gezmek, şöhrata kowalaşmak tebigatyň oňlamaýan, makullamaýan häsiýetidir.

## 24. ŞOWSUZLYGA PER BERME

Öňüňde belent maksat goýmak we öz geljegiňi şol maksada laýyk meýilleşdirmek, myradyňa muwapyk ýol kartasyny çyzmak her birimize wajyp.

Has beýik zatlar hakda göwün ýüwürdip, ýene-de adaty durmuşa endik etmek akyllylyk däl. Wagtyň ählisiniň ownuk-uşak hysyrdylara, dagynyk pikirlere sarp edilmegi, ähmiýetli zada degerli üns berilmezligi bitertip we garma-gürme durmuşdan başga zady bagyş edip bilmez.

Öz geljegiňi göz öňüne getirip, ätjek her ädimiňi, geçjek menziliňi öňünden saldarlanyňda, geljekki maksat-hyýallar, meýiller babatda pikir öwreniňde, öňüňden çykjak kösençlikleri, päsgelçilikleri, adatdan daşary ýagdaýlary hem gözden salmagyn. Hemişe hemme ýagdaýa taýyn we taýýarlykly bol – özüňi ýagdaýlara görä sazla, rastla we tapla!

Alnyňdan çykjak şeýle ýakymsyz garşylyklaryň iň möhümleriniň, iň agyrlarynyň we iň kynlarynyň biri hem zabun tankytdyr.

Şeýle şek-şübheler, inkär etmeler, kinaýa-kemsidilmeler, tankytlar bilen ýüzbe-ýüz bolsaň, bu zatlaryň ählisiniň seniň taplanmagyň üçin ýene bir goşmaça okuwdygyna düşün we ýylgyr-da oň.

Bilgeşleýin tankyt ýa-da ýürek agyrtmak üçin atylan oklardan ejizläp, uly sesimiz bilen gykylyk-gopgun turuzmagyň asla hajaty ýok. Üstünlige, abraýa, şöhrata, beýiklige barýan ýollaryňda şonuň ýaly kötellikler köpeliberse hem öňe ýöremegiňi, maksadyňa sary at çapmagy bes etme. Üstünlik beýiklige ymtylýan we öňe okdurylýan adamlara nesip edýär. Ruhy ejiz adamlar bolsa şeýle kynçylyklardan ýaňa lapykeç bolup, bu böwetleri neneňsi geçmelidigi ýa-da nähili çözgüt tapmalydygy hakynda uzakly gije pikir edip geçýär.

Saňa aýdasym gelýän bu hakykata düşünýänçäm, özüm hem şol ýollary, böwetleri geçmeli boldum. Ýadyňda sakla: Mertebäňe görä tankydyň bolar! Şonuň üçin hem bize gönügen bu «tankytlardan» goranmak üçin töwerege delmuryp bakmagyň we ýowuz-zabun gepleri

dep etmegiň alajyny soramagyň, oňa-muňa ýüz tutmagyň hiç hili wajyplygy ýok.

Munuň ýönekeý sebäbi bar – sen ýöremesi kyn ýoly saýlap aldyň. Adaty derejelerden ýokary galmagy, belentde ýöremegi ýüregiňe düwdüň. Temegini Göge dikýän tekepbirler diňe özünden ýokarylary görýändir, şonuň üçin olaryň syýýyňdan aslyşmagy adaty hörp. Eger-de sen ýokary galyp saýlanmadyk bolsaň, olar seni görmezdi. Şonda olar gep haltasynyň daňysyny çözüp, tankyt ýaýynyň peýkamlaryny saňa gönükdirip atyp başlar. Maksady – başyň aşak eglip, seniň hem edil özleri ýaly biri bolmagyňy, ýönekeý, adaty ýa-da pes adam bolmagyňy islärler.

Munuň çykalgasy – bu sürtülýän agyry-ünjülerden üstün bol we gaýta bat alyp uç. Hüjüm etdikleri saýy sen has gowy işlemegiňi, öňküden-de manyly deprenmegiňi dowam et. Edýän her bir işiňi gowy bitirmäge, aýdýan her bir sözüňi öňkülerden hem has gowy, has ajaýyp, has täsirli aýtmaga çalyş.

Her gezek tankyt edenlerinde, aýdylýan sözüň asyl manysyny, onuň ruhuňy awadýan tagna-ýaralarynyň syryny oka, diňle, düşün – gahar-gazabyňy, agyry-ynjyňy, gaýgy-gamyňy gizläp, öz ýanyňdan myssa ýylgyr. Özüňi we olary dogry ýola gönükdirmegini Alladan dile we bagyşlamagyny isle.

Şu zatlary endigiňe öwürseň, sen hiç wagt ejizlemersiň, asgyn bolmarsyň, ýykylmarsyň we asla ýan bermersiň.

Her kimiň öz pikirini aýtmaga, tankyt etmäge haky bar, emma goltugyňdan göterip, maksadyňa ýetirjek merhemetiň has ýokardan inýändigini ýadyňdan çykarma.

## 25. DUÝGULARYŇ GARAÝYŞLARA TÄSIRI...

Biz duýgularyň täsirindäki adamlar – süýji we mylaýym sözler hoşumyza gelýär, joşurýan sözlemler gaýratymyzy alawlandyrýar. Maksat-myratlarymyza ýetmek üçin käteler duýgularymyzyň taryna kakmak hem zerur bolup bolýar.

Duýguçyllyk, täsirlilik aýyp zat däl. Birek-birege saz we göwün göteriji duýgularda – duýgudaşlykda bolmak halanylýan hulk. Tersine, olar köp ýerlerde bize gaýrat-gylaw berip, hereketlendirýän, bizden beýik we manyly zat çykarýan, haýyr-yhsan etmeklige iterýän, adamkärçilikli işlere meýletinlik bilen barmagymyza höwes döredýän häsiýetdir. Göwün galkyndyrýan sözlerden gulagy gananda, halkyň mümkin däl görnen zatlaryň hem hötdesinden gelýändigini, başaryp bolmaz öýdülen zatlary hem başarýandygyny, hatda bütin dünýäni dikeltmäge hem gaýratlydygyny görýäris. Ol biziň güýç-gaýratymyzy alawlandyrýan, beýik we ýagşy işleri bitirmeklige bolan ynamdyr yhlasymyzy tijeýän güýçdür.

Biziň uýýan din-ygtykadymyzda hem duýgulara, şeýle hem duýgudaşlyga uly orun berilýär. Duýgudaşlyga aýratyn ähmiýet berýän adamlaryň ýüregi rehim-şepagatdan, adamkärçilik häsiýetlerinden doludyr.

Ýöne, duýgulary akyl we mantyk (logika) jylawlary bilen çekip, bir kada salmasaň, onuň özüniň hakyky ýolundan, çäginden çykaýýan halatlary-da bolýar. Çäginden çykan duýgular bize birnäçe nogsanlyklary, aýyplary we şahsy kynçylyklary peşgeş berýär.

Duýga berlen adamlarda has köp göze ilýän aýyplaryň biri – özüňi saklap bilmezlik – kimdir birini tankytlanyňda ýa-da pikir-garaýyşlaryňy ýaňzydanyňda bellibir ölçegiň bolmazlygy.

Salykatly adam haýsydyr bir garaýşa eýe boljak bolsa ýa-da nämedir bir zat, kimdir biri hakda bir netijä geljek bolsa, nukdaýnazaryny kesgitlejek bolsa, ýa-da höküm çykarjak bolsa, ol işlere şahsy duýgularyny garyşdyrmaly däldir. Anyk ölçeglere laýyk gelýän, sagdyn we ygtybarly esaslara daýanmak arkaly netije çykarmalydyr, anyk bir pikire gelmelidir. Özüňe basalykly duýgy bilen çemeleşmelidir.

Ine, köplenç halatda, eýelik edip bilmeýän bir häsiýetimiz şudur.

Aramyzda käbir adamlar öz şahsy duýgularyna esaslanyp, netijä gelýärler. Şahsy duýgularymyza baglylykda öwýäris, duýgularymyza berlip, duşman bolýarys. Duýgularymyza berlip, tankyt edýäris. Duýgularymyza daňlyp, öwüp arşa çykarýarys. Emma duýgy we sag-

dyn akyl – hersi bir başga. Olaryň hersiniň öz ölçegleri, öz orunlary bar.

Kimdir biri ýa-da haýsydyr bir iş hakynda pikirimiz soralsa, ýa-da şolar hakda öz pikirimizi ýaňzytjak bolsak, köplenç, has giň delillere we ölçeglere mätäçdiris. Kazy hiç wagt taraplaryň ikisini hem diňlemezden, höküm çykarmaga hakly däldir. Diňe duýgularymyzy diňläp, netije çykarmak diňe bir tarapy diňläp, ony hakly tutmak ýaly bir zat bolar. Käbir adamlaryň bärden gaýdýan ýeri hem şunda jemlenýär: tanaýanlarym we ýanymdakylar – meniň dostlarym; tanamaýanlarym ýa-da ýanymda däller – meniň garşydaşlarym.

Bu hergiz dogry garaýyş däldir.

Maslahatym, her bir pikir-netijäň, garaýyşlaryň akyl-mantyga laýyk bolsun. Birini tankytlamazdan ýa-da ol hakdaky pikirleriňi ýaňzytmazdan ozal hakykatyň başga-başga taraplarynyň hem bolup biljek ähtimallygyny aňyňdan öçürme.

Üns bermeli zatlaryň ýene biri – eger-de tankydy garaýşymyzy mälim etmek isleýän bolsak, işiň ýa-da ýagdaýyň bolmaýan taraplaryny belläp geçmelidiris, bu bolsa tankyt edilýän zady tutuşlygyna halamazlyk üçin asla esas bolup bilmez. Mysal üçin, okap oturan şu kitabyň hakdaky pikiriňi soraýyn, belki-de kitap göwnüňe ýarandyr. Belki-de öz pikirleriňe laýyk gelmeýändigi üçin bu kitaby satyn alandygyňa ökünibem başlansyň. Emma bu ýagdaýlaryň hiç biri seni bu sözleriň awtory babatda aýdyň we gutarnykly netijä getirip bilmeýär. Belki-de onuň bu işi we kitaby örän gowudyr, sebäbi ol sözleri ýerlikli, sazlaşykly we manyly ulanmak babatda örän köp zähmet ýoluny geçendir, ýöne durmuşdaky käbir zatlar dogrusynda pikirleriňiz çapraz düşüp biler. Belki, tersinedir, munda aýdylýan zatlar, aslynda pikirleriňe we zehiniňe örän golaý hem bolsa, akylyňy, höwesiňi özüne maýyl edip bilen däldir. Şonuň üçin hem eger-de kesgitli bir netije çykarjak bolsaň, baha bermek isleseň, sen bu ýerde awtoryň tutuş özüni ýamanlaman, onuň ýazan we seniň göwnüňden turmadyk şu kitabyny tankytlap bilersiň.

Onuň haýsy hem bolsa bir pikirine öz nägileligiňi ýaňzydyp bilersiň, emma ony özüň ýaly ynsan hökmünde hormatlamaga we sylamaga borçlusyň.

Ömrümiň bellibir ýyllarynda endige öwrülip galan bir häsiýetim bardy: öz pikirlerimiň tarapdarydym. Kim meniň bilen ylalaşsa, kimiň pikiri meniň pikirim bilen gabat gelse, oňa ýüregimiň töründen orun bererdim. Meni makullamaýanlar ýa-da pikirim bilen ylalaşmaýanlara zabun darardym, uruş yglan eden ýaly bolardym.

Eý Allam, men şeýle endiklerim, şol häsiýetim zerarly, gör, näçe zat ýitirdim. Dura-bara, hiç hili söweşdir darkaşa girmezden hem duşman saýanlarymyň sany artdy gitdi.

Biri bardy, meniň bilen diňe birje zat barada pikiri deň gelenokdy, köp zat babatda bolsa gabat gelýärdi. Emma gabat gelmeýän şol bir zadyň üstünde günuzyn eňekleşip, dürli deliller, bahanalar suňşuryp, ony öz pikirime tabyn etjek bolup, başymdan ot, dilimden ýalyn sowurýanym ýadymda. Ahyrsoňunda, ýa ony boýun edýärdim ýa-da oňa gaharlanyp, öýkeläp, gaty görüp hoşlaşýardym.

Men, ine, şeýle endikler, häsiýetler bilen özümi oda tarap itekleýän ekenim.

Birnäçe görgüleri görenimden, ýitgileri çekenimden soňra aň ýetirdim – nämedir bir zat ýa-da kimdir biri hakdaky bahalarymyz, garaýyşlarymyz, pikirlerimiz duýgy esasynda kesgitlenilmeli däl eken. Maňzyma batmaýan ýekeje ýaramaz häsiýeti üçin bir ynsany «ýere gömmeli» däldigime düşündim. Gutarnykly netijä gelmekde hem duýgulary däl-de, akyly we logikany ileri tutmalydygyna akyl ýetirdim.

Bularyň üstesine, meniň hem hemişe dogry-dürs pikir edip bilmeýänligime, edil beýleki adamlar ýaly meniň hem ýalňyş pikir edip biljekdigime, meniň ýalňyşmak ähtimallygymyň hem örän uludygyna göz ýetirdim. Şondan bäri, kimdir biri hakda öz garaýşymy ýaňzytmak islesem, oňa öz pikirlerimi, garaýyşlarymy we tankydy belliklerimi pespällik bilen aýdýaryn.

Ýandepderçäme şeýle bellik edipdirin: «Kejir, küýli adamlarda sagdyn garaýyş, nukdaýnazar ýokdur, olar diňe duýgularyň elindäki ýesirdir».

## 26. EÝNŞTEÝNIŇ DÄLILIK HAKDAKY SAPAGY

On bäş ýyldan bäri dostum Jelil şol bir zatlary ýerine ýetirýär...

Ol henizem şol şereketde işleýär, şol öňküsi ýaly pikir edýär. Ol henizem şol öňküsi ýaly ýol-ulag gatnawynyň ýaramazdygyndan, aýlyk gazanjynyň azlygyndan, janköýerlik edýän sport toparynyň ýeňlendiginden we işiniň üznüksiz paşmaýandygyndan zeýrenýär.

Henizem ol dostumyz çagalary we maşgalasy bilen dynç almak üçin her tomsuň başynda karz alýar we bütin gyşyny şol karzlaryny üzüp geçirýär... on bäş ýyldan bäri hiç zat üýtgemedi, özgermedi...

Henizem dostumyz Jelil «Sabyr soňunyň sap altyndygyna», sabyr edeninden soňra hökman arzuwyna ýetjekdigine, garaşylýan günüň ahyry geljekdigine pugta ynanýar.

Dostumyň bu bolşuny görüp, Eýnşteýniň dälilik hakdaky sözleri serime dolýar. «Şol bir hereketleri edip, dürli netijä garaşmak dälilikdir» diýen sözleri aňymda öwrüm edip dur.

Özümiz aman-asudalyk, ýeňil ýetilýän rahatlyk isläp, munuň öwezine töwekgellik etmekden, täze gözýetimlere aralaşmakdan we täze serhetleri aşmakdan gorkýarys. Mundan soňam biz ýene-de Allanyň her kime paýlap beren ýeterlik rysgyndan nägile bolýarys. Allatagalanyň älemler baradaky bozulmaz däbini, ýoluny unudýarys – Onuň her kese rysgyny berýändigini ýadymyzdan çykarýarys.

Ýaradanyň barlykdaky däbi üýtgewsizdir – durmuş kitabynyň gündeki sahypalaryny gowy okap, düşünip bilýän we oňa görä amal edýän adam bagtyýardyr. Ol köp zat gazanar.

Üstünlik gazanmak we üstün bolmak hiç bir adam üçin mümkin bolmadyk zat däldir ýa-da bu babatda kimdir birine artykmaç mümkinçilik berlen däldir. Ol hemme kişiniň başarjak, hötdesinden geljek zadydyr. Ýöne munuň beýleki tarapyny hem gözden salmalyň, onuň ýeňil-ýelpaý bolmadyk tölegi hem bar ahyry. Bahasyny bermeseň,

ony awlap, kapasaňa salyp bilmersiň. Üstünligiň bahasy maňlaýyňy derledip, zähmet çekmek we öz işiňe berilmekdir. Şikaýatdyr zeýrenjiň degresinden hem ötmezlikdir.

Dostumyz Jelil we ýene-de müňlerçe dostlarymyz hem-de dostlaryňyz hiç zat etmän, diňe ertirki arzyly günüň gelerine garaşyp ýaşaýarlar.

Ýekşenbe güni hem edil duşenbe ýaly, mart hem hut aprel ýaly, ähli günüň şol bir tagamy bar. Hiç zat üýtgemese, özgermese, ýerinden gozganmasa, töwekgellik etmeseň...

Töwekgellik diýenimde, göz öňünde tutan işiňe howul-harsal okdurylmak däl. Meýilnamalyja, her ätjek ädimiňi saldarlap, basjak ýeriňi peýläp, ilki ilik-düwme öwrenip, öňe ilerlemegi göz öňünde tutýaryn. Bu zatlary amal etmek üçin gaýratlylyk, dogumlylyk, hiç zatdan çekinmezlik, öňe okdurylmak – hakyky töwekgellik gerekdir.

Şu ýaşan ýyllaryňda tutuş ömrüň akymyny, ugruny özgerden näçe sany ykbal özgerdiji karara gelip gördüň?

Amerikan ýazyjysy Mark Tweniň çuňňur manyly we juda ähmiýetli, göwnemakul sözleri bar: «Ýene ýigrimi ýyldan soň üstünlikleriňi we şowsuzlyklaryňy ýatlap otyrkaň, şu günki eden işleriňden goýberen pursatlaryň has köp bolandygyny ýatlap ökünersiň» diýýär.

Hak aýdýar, ökünersiň, çyndan ökünersiň. Sebäbi bellibir karara gelip, ymykly girişäýmeli işi, ikirjiňlenme ýa-da geleňsizlik zerarly etmändigiňe, gaýratyň çatmandygyna ökünersiň... «sag başym, aman başym» diýip, köne külbäniň ykyş diwaryna duwlanyp ýatyşyň göz öňüňe geler.

Emma ugrunda gaýrat eden işleriňe, hatda şol ýollarda goýberen säwlikleriňe, hatalaryňa hem ökünmersiň. Ikirjiňlenmeleriň, gorky-ürkiň, synanyşykdan alyp galan ejizligiň näçe köp bolsa, ahyr ýaşda ökünjiň hem şonça köp bolar.

Her bir adam öz gylyk-häsiýetleriniň jemi. Gylyk-häsiýetleri, özüni alyp barşy bolsa onuň bir karara gelip bilýändiginiň, bilmeýändiginiň dilmajy. Ikimizi bir-birimizden parhlandyrýan zat, biziň bir karara gelip bilýändigimiz ýa-da bilmeýändigimiz. Haýsy işi

edýändigimiz we etmeýändigimiz (edip bilýärismi ýa etmeýärismi?). Her kim öz karary, öz pikiri bilen tapawutlanýar. Şonuň üçin hem iň möhüm, ähmiýetli zatlaryň biri – durmuşyň bize döreden ähli mümkinçiliklerine, pursatlaryna doly we ählitaraplaýyn nazar salmaga synanyşmaly. Gaýrata daýanyp, işe girişmeli. Näbelli gorkulardan rüstem gelmek üçin batyrgaýlyk bilen işlemeli we asylly amallarymyzy dowam etmeli.

Mahlasy, iň uly töwekgelçilik durmuşyňda hiç hili töwekgelçiligiň bolmazlygydyr. Iň uly howp hiç hili howpy bolmadyk durmuşda ýaşamakdyr. Hakyky şowsuzlyk bolsa şowsuzlyga düşmekden gorkup, bir duran ýeriňde saklanmaklykdyr.

## 27. BEÝIKLIK – SUNGAT

Günleriň birinde meşhur suratkeş Pikasso köçeden ýöräp barýan ekeni. Pikassonyň sungatyna aşyk zenanlaryň biri muny görüpdirde, suratkeşiň ýanyna ylgap baryp, mähir bilen salamlaşypdyr. Ýantorbasyndan bir ak kagyzy çykaryp: «Jenabym, men siziň çeken suratlaryňyzyň jandan-tenden muşdagy. Öz täsin hünäriňizden şu ak kagyza bir surat çekip, meni begendirip bilermisiňiz?» diýipdir.

Pikasso muňa ýylgyrypdyr. Ak kagyzy alypdyr we onuň ýüzüne surat çekip başlapdyr. Tamamladym edip, ýaňky suratly kagyzy eýesine uzadypdyr: «Hanym, bu suraty aýawly sakla, wagty gelende sen ony million dollara satyp bilersiň!» diýipdir.

Muşdak zenan muňa geň galyp: «Pikasso halypa, siz bu kiçijik surat üçin bary-ýogy otuz sekunt sarp etdiňiz. Onuň millionlyk gymmaty bolup bilermi?» diýipdir.

Pikasso ýylgyrypdyr we oňa garap: «Hanym, otuz sekuntda sowgatlyk (ýadygärlik) surat çekmek üçin, men ömrümiň otuz ýylyny sarp etdim» diýipdir.

Ýokardaky söhbetdeşlikde meşhur suratkeş bize juda ähmiýetli bir maglumaty – ömrüň wajyp wezipesini ýetirýär: täsinligi, täsin

bir zady döretmegiň köp wagt almazlygy mümkin, ýöne şol derejä barýançaň mazaly taýýarlanmagyň, taplanmagyň gerek.

Birbada göwnümize ýaramaýan hem bolsa, alnymyzdan çykýan her bir zat biziň haýrymyza. Kynçylyk, görgi-kösençlik zemine aýagyň galtaşan pursadyndan başlanýar. Olar san babatda hem az-küş däl. Durmuş şarpyklary hem dura-bara taplaýar. Ynsanyň taplanmagynda, hatda onuň öz ugrundan ussat bolup ýetişmeginde bu kyn-kötel ýollary, agyr hallary we zähmetleri gözden salmaly däldiris.

Bu kiçijik kyssa durmuş hakdaky başga bir oýlanmalara iterip, köpimize mahsus bir häsiýeti ýadyma salýar: almak üçin eglenmezden öňürti bermelidiris, almak üçin ilki bahasyny – degýän zähmetini tölemelidiris.

Ekin ekmän hasylyny orup bolanok. Nahal oturtman miwesini ýolup bolanok. Iş etmän hak alyp gördüňmi? Söweş gutarmanka ýeňiş täjini başyna geýen patyşa hakda heý eşidipmidiň?

Uly arap alymy, Allama ibn Ataullah Sekenderiniň hikmetli sözlerinde şeýle bir paýhas bar: «Bedeniňi bikärlik topragyna gömseň, ýaltalyk gumunda oturtsaň, daragtlar topragyna görä miwe berýändir». Tohum topraga gömülmese, ondan hasyla, pazyla garaşyp bolarmy?

Akyldar alym her bir zadyň peýda bolmagy, ýüze we ýer ýüzüne çykmagy üçin sabyr, yhlas etmelidigini, başyňy belent tutmalydygyny ündeýär. Topragyň astynda mazaly eýini alyp, özüni taplamasa, gämik hiç wagt ýer ýüzüne çykýan däldir. Dür parlak dür bolýança hem şeýle. Bardy-geldi çykaýsa hem, ol kämil ösümlik bolup bilmez, ýa basym gurar, süllerer, ýa-da gül-gunça bermez.

Bu kada barlygyň hiç wagt üýtgemeýän we üýtgedip bolmaýan baky ýörelgesi.

Bir ýa-da birnäçe kitap okany üçin özüni öte akylly, düşünjeli-pikirli saýýan bolsa... bu diňe göwün ýüwürtmedir. On sany ha-

dysy ýa-da käbir gysga süreleri ýat tutany bilen özüni dinden sowatly, her meselä çözgüt berip bilýän, pitwa çykaryp bilýän adamdyryn öýtse, ol özüne gümra, amalyna magrur bir kişidir.

Biziň tanaýan beýik ärlerimiz, öwrenmek üçin gulagymyzy güýdýän sagdyn pikirli alymlarymyz ylym-magryfet ýolunda irmän-arman zähmet çekdiler we ylym talap etmek üçin ähli kynçylyklara döz geldiler. Ine, Ýaradanyň ýoly-ýörelgesi şu esasda dowam edýär.

Ýandepderçäme meşhur alym Muhammet al-Gazalynyň sözlerini belläp alypdyryn: «Iki sany ýagdaýdan seresap bol: birinjisi, heniz doly bişip, kämilleşip ýetişmänkäň il öňüne çykmakdan; ikinjisi, bu ukyp-başarnyklary we hünärleri diňe il nazaryny özüňe çekmek üçin öwrenmekden we ulanmakdan».

## 28. BU-DA BIR ÖMÜR...

Barlykda bar bolan asmany dinleriň ýa-da pelsepewi pikirleriň hiç biri hem haýsydyr bir ýol bilen özüňe el götermegi (janyňa kast etmegi) makullaýan däldir. Olaryň ählisi bu ýagdaýy berk ýazgarýar. Ol küpür amallaryň biri bolup, durmuşy berbat etmeklige deňdir. Bu ýagdaý şol adamyň juda lapykeçliginden, şowsuzlygyndan we ejizdiginden habar berýär.

Ýöne men bu ýerde ol kast edilme hakda gürrüň gozgamakçy däl. Munuň jeset bilen bagly ýeri ýok, bu ruha dahylly bir zat, ýagny özüňe bolan ynamyňa, ruhubelentligiňe, zähmetsöýer ylhamyňa, Allatagalanyň beren ryskyna bolan kast etme hakda söz açmakçy.

Adamlaryň käbiri ýalta we perwaýsyz göwre bilen mydar edýärler. Olaryň içindäki haýyr-sahawata ündeýän ynsap, höwes, ruh bir wagt öçüp, sowap galana meňzeýär. Olar özleri bilmezden, dünýäden ötüp giden jemende kysmy, şeýle kişileri dirileriň sanawynda goýasyňam gelenok.

Has abadan durmuşda ýaşamaga güýji-gaýraty barka, iň ýönekeý güzeran bilen oňňut etmeklige näme diýip bolar? Kanagatlylykmy? Terkidünýälikmi? Şeýle töwra adamlaryň serlerini gurşan bar pikir,

alada-ünji – Günüň wagtynda dogup-ýaşmagy, adamlaryň ömür sagatlaryny sanap ýaşamagy we wagty dolanda, gitse-gelmeze rowan bolmaklary, emma olar durmuşda ýaşandyklaryny bildirer ýaly yzlarynda hiç bir yz, eser galdyrmaýarlar.

Iň gözgyny durmuş – şo zeýilli ýaşamakdyr. Haýyr daragtyny ekmeseň, hakykat tohumlaryny topraga sepmeseň ýa-da soňra saýasynda düşlärleri, miwesinden dişlärleri ýaly ylym daragtyny gögertmeseň, bir asylly maksada wepa bermeseň, hany seniň ynsanlygyň? Bizi azaplardan halas edýän zadyň ýagşy we salyh amallardygy ata-babalarymyzyň nesihatlarynda köp ýatlanylýar ahyry.

Şorta sözli ýazyjy Jorj Bernard Şowuň aýdan sözleri bar: «Mende beýik maksatlara erişmek hakda güýçli isleg barka, dowam edýärkä, mende ýaşamak üçin sebäp bar (Mende beýik maksat barka, mende ýaşamak üçin ýeterlik sebäp bar). Kanagat edip oturmaklygy ölüme barabarlyk saýýaryn».

Garjaşyk garaýyşlar, dagynyk pikirler, anyk maksatlaryň ýoklugy köp zat babatda ters düşünjäniň aňymyzda berkemegine sebäp bolýar. Käteler biz hiç zadyň başyna barman, hatda elimizi Göge galdyryp, Ýaradandan dileg-doga etmän, ýene-de Asmandan altyn-tyllanyň ýagaryna garaşýan bolsak, bu kanagatlylyk däl-de, nadanlykdyr. Arzuwlaryňy doly hasyl etmän saklanmak ýa-da arzuwlar tükenen ýaly hereket etmek günüňden razylygy-kanagatlylygy aňladanok.

Meşhur arap ýazyjysy Mustafa Sadyk ar-Rafygynyň hem bikär, geleňsiz, işýakmaz adamlar hakda aýdan göwne makul bir sözi bar: «Kim bu dünýäniň bir gözelligini artdyrmasa, onuň özi bu dünýä üçin artykmaç zatdyr».

Ýa-ha durmuşyň alnynda parlap dogan Gün bol – ajaýyp amallaryň astyna hiç wagt pozulmaýan we hiç kimiňkä meňzemeýän barmak yzlaryňy bas. Ýa-da durmuşyň agyrlyklaryny bahana edip, diňe şol ýüki gerdeniňde götermek üçin egbarlyja gün aýlamaga, alada-ünjülere ýesir-bendi bolmaga kaýyl bol.

Ýa-ha taryh sen hakda ajaýyp ýatlamalary ýazar, ýa-da durmuşyň düýrlengi kagyz deýin unudylmalar tekjesinde çaň basyp galar.

Barkaň bir zatlar etmeseň, gideniňden soň bu barlykda seni ýatlajak adam tapylmaz.

Yhlasly zähmet bilen şol işi etmezlik üçin tutaryk edinýän bahanalaryňy terezä salsaň, bahanalaryň bedene has köp agram salýandygyny görersiň. Çünki çekilen zähmetiň haýry-höziri, şatlygy ruhuňa ýeňillik berýär we ýüregiňdäki ynamy hem berkidýär.

Meşhur arap alymy Ibn al-Jewzi şeýle ýazýar: «Sopulardan, sapylardan käbir adamlar bar, köňül gözlerini açaly bäri ýatanoklar, hakykat ýoluna düşeli bäri bir menzilde duranoklar. Olaryň bar ünsi-aladasy öňküden-de kämil çykmak, beýiklige ymtylmak. Olar her gezek bir basgançak ýokary galanlarynda, öz yzlarynda bir nogsanlygyň galandygyny görýärler we dessine toba-tagsyra dönüp, ony düzetmäge çalyşýarlar».

Dostum, bir ädim öňe süýş, bir mertebe ýokary gal! Özüň oýda durkaň, ol ýeriň oýdugyny kän aňşyrmarsyň. Diňe beýige galanyňdan soň, öň nirede duranlygyňa magat göz ýetirýärsiň.

## 29. SYNAG

«Ýigit dünýä bilen söweşdi, ili bilen söweşdi,
Ýöne öz nebsi bilen nähili söweşjegini bilmedi...»

Bir gezek gijaralar dostlarymyň biri bilen gürrüňdeş bolup otyrkam, söhbediň arasynda ýokarky setirleri ýatlap, özümiň durmuş söweşinde ýeňilmändigimi, Allatagalanyň fazly-keremi bilen üstün çykandygymy, durmuşdaky her bir kynçylygyň meni barha taplandygyny aýdypdym.

Şondan soňra ep-esli wagtlap pikire çümdüm we özüm hakda oýlanyp başladym. Içimden bir ses: «Sen näme üçin oňa içki söweşleriň hakda gürrüň bermediň? Ýürek bilen nebsiň arasyndaky darkaşlar, bir tarapda haý-höwes, tamakinlik, şek-şübhe, güman, beýleki tarapda razylyk, kanagatlylyk, anyklyk, berk kararlylyk hakda aýtmadyň...» diýýärdi.

Çaň-tozany ýokary göterilen söweşlerdäki ýeňişlerim hakda agyz dolduryp buýsanýarkam, içki ahwalatlardaky asgynlygym hakda dil ýarmaýardym. Aslynda, içimizdäki söweş söweşleriň iň elhenjidir.

Danalaryň birinde şeýle bir söz bar: «Öz nebsi bilen gidişip, darkaş gurup bilýän adam öwülmäge mynasypdyr».

Haçanda wyždan we ynsap nebse garşy aýgytly aýak diräp bilýän bolsa, ine, şol hakyky söweşdir. Nebsi bet işlere batyrynmakdan saklap, jylawlap, aýagyny gandallap bilýän bolsa, onda muňa söweş, ýeňene ýeňiji diýip bolar.

Aramyzda käbir adamlarda beýik-beýik etsem-goýsamlar, arzuwlar, maksatlar bar. Hemmeler bize seredýärkä, biz höwesli işleýäris, ýöne haçanda şol nazarlar başga tarapa gönügip ugranda, isleglerimiz şöwketiň öňünde dyz epip, haý-höwesiň öňünde sežda egilýär. Şodur-da-şodur, kör nebsiň daňyp goýan ýüpünden boşanmak üçin çabalanmaýarys.

Şonuň üçin köp adamlar bu söweş hakda dil ýarmagy halamaýar. Şol synagdan geçendikleri üçin öwünýän ýa-da buýsanýan adamlara hem gabat gelip durlanok.

Biz içki söweşlerimizde üstünlik gazanmak, ýeňmek üçin has artyk yhlas sarp etmelidiris. Tankydyň ýiti şuglasyny içki söweşlerdäki nogsanlyklary basyp ýatyrmaga, aradan aýyrmaga gönükdirmelidiris. Özüme-de, size-de gaýta-gaýta nygtasym gelýär: diriligiňi subut edýän söweş içimizde bolup geçýär we durmuşdaky her bir zat hem oňa bagly-dahylly bolup durýar.

Özüňden mert durup sora, näçe gezek başga biriniň gazanan üstünligine, beýikligine bahyllyk bilen bakdyň, begenmediň? Emma men şu häsiýeti özümde terbiýeledim, özgeleriň üstünligine hem özüm gazanan ýaly begenip bildim, kän gezek başardym. Hawa, hut şeýle, örän köp pursatlarda nebsimi basyp bilendigim ýadymda. Allatagalanyň syrly hikmetlerine, Zeminde bolýan wakalaryň asyl sebäbine akyl ýetirmäge, şol wagt düşünmäge aňymyz ejizkä, şeýle nogsanlykdan saplanyp bilmegem mertlik. Allatagala öz fazly-merhe-

metini, ýalkawyny, sylagyny öz halan, islän adamsyna berýär. Kimi nämä laýyk görse, şony hem şoňa barabar zada rowa görýär. Biz bu hakykaty hergiz unutmaly däldiris. Diýmek, biri öz zehini bilen üstünlik gazansa, öz taýýarlygy, ukyby bilen beýik derejelere eýe bolsa, biz muňa bilelikde begenmelidiris. Şeýle üstünlikleriň her biri milletiň beýikligini, özgeleriň üstünligine bilelikde begenmek bolsa, milletiň jebisligini üpjün edýär.

Ýöne kähalatda kimdir biri aýratyn sylag-serpaýa, alkyşa, üstünlige eýe bolanda, biziň içimizde hakyky darkaş – synag peýda bolup başlaýar. Onuň bu ugurdaky artykmaçlygyna, zehin-ukybyna, neneňsi gaýrat sarp edendigine düşünjek bolamzok-da, özümiziň ondan artykdygymyz, has mynasypdygymyz hakda pikir edip başlaýarys.

Ýa-ha nebsimizi basyp, ondan rüstem bolmaly, ýa-da nebsiň ugruna gidip, nebsiň guludygyňa garamazdan, hiç zatdan bihabar, ulumsy, tekepbir, hondan bärsi gezmeli. Synag şeýle bolýar...

Ýandepderçäme şeýle bellik edipdirin: «Edil kine-kitüw, huşsuzlyk we holesterin ýaly bolup, magrurlyk hem ynsan süňňüne bildirmän ornaýar. Eger-de müňlerçe adamdan: «Özüňde nähili aýyp bar?» diýip sorasaň, olar: «Meniň iň uly aýybym – adamlara gereginden artyk ynanýanlygym hem-de gereginden artyk öz syrymy aýdýanlygym» diýip jogap bererler (Ahmet Halid Tewfyk)».

## 30. BAR ZADY BAŞARDY, ÝÖNE AÝNA GARAMADY...

Durmuşda gowy adamlar kän, emma käteler, ine, şeýle adamlara hem gabat gelýärin.

...Temegi göge dikilgi, gursagy ulumsylykdan, tekepbirlikden, eýmendiriji hondanbärsilikden püre-pür.

Şeýle adama setanda-seýranda gabat gelersiň. Ol özünde beýlekileriň görmeýän zadyny görýär. Özüni nogsandyr aýypdan arassa adam edip görkezmek üçin özgelere gara ýöňkemekden hem gaýtmaýar. Onuň ýoldaşy hem, syrdaşy, taýy hem edil özi ýaly – heniz

bişmedik arzuw-umytlary şahasyndan öň ýolmaga ýa-da şol şahany şatyrdadyp döwmäge şeýle bir ukyply. Asylly maksada, arassa arzuwa tagna salmagyň uly ýazykdygyndan asla habary ýok. Nirä barsa gözi--garagy hile-pirim üçin amatly ýeri, hatarly meýilnamalaryny durmuşa geçirmäge oňaýly topragy gözleýär. Özüni aklamak üçin hem ýeterlik we baý gory bar.

Ine, şo zeýilli adamlar adamzadyň gerdenindäki agyr ýük we bar görgi-kösençlikleriň hem düýp sebäpkärleri. Adatça, şeýle adamlara «aýna seretmeýänler» ýa-da «aýnada öz ýüzüni görmeýänler» diýlip at berilýär. Eger-de olar birje gezek aýna bakan bolsalar, ilki bilen özleriniň egri eginlerini, gyşyk gadamlaryny, gysby we gyňyr ýüzlerini düzetmelidiklerine düşünerdiler. Öz şowsuzlyklary üçin gaýrylary günäkärläp ýörmezdiler.

Eger-de durmuş seni şeýle adamlar bilen ýoldaş bolmaga mübtela eden bolsa, olara üç öwra talagyny ber we gaýdyp golaýyňa getirme, özüňem olaryň ýanynda görünme. Olar seniň arzuwlaryň düýbüne palta urarlar we dünýäni, durmuşy başga keşpde görkezmäge çalşarlar. Şeýle adamlara ýakyn durdugyňça durmuşyňda ajy pursatlar, zakgun zowklar barha artar gider. Arzuw-umytlaryň örüsi daralyp, gözýetimler gysby görner. Özüniň ebedi matamyna şärik eder hem-de seni şol duýgulardan hergiz saplamaz.

Iň ähmiýetlisi, şeýle adamlara arka diremekden, olar bilen iş salyşmakdan saklanmak gerek. Olaryň duzagyna düşmezlik üçin edýän hereketleriňe, aýdýan sözleriňe, özüňi alyp barşyňa eserdeň bol!

Ýagty dünýäni garaňky, abadan durmuşy haraba edip görkezýän päliýaman adamlardan gönenen ýokdur. Şonuň üçin, käteler özüňi gyrakladylýan ýaly görseň, munuň üçin ýaşaýşa, durmuşa aýyp ýöňkemekden, barmak çommaltmakdan saklanyp, pikirleriňi durla we töweregiňe sagdyn nazar bilen bak. Günleriň saňa biparh, ähmiýetsiz bakýandygy hakda pikirem etme. Käteler tutuş barlygyň özi saňa pitjiň atýan ýaly görner, emma aslynda beýle däldir.

Aýna seret we özüňe göz aýla. Özüňden hasap sora. Öz ýalňyşlaryň we säwlikleriň garşysynda mert dur. Büdremejek bol, ýöne her gezek büdräniňde näme sebäpli büdräniňi öwren. Şol ýalňyşy ikinji gezek gaýtalamazlyk üçin näme etmelidiginiň çözgüdini şol wagt tapyp goý.

Hemişe ýadyňda bolsun – durmuş biziň göz öňüne getirişimizden has giňdir. Bizden has uludyr. Garaşylmaýan wakalardan doludyr. Muňa garamazdan, ählimiz durmuş bilen dil tapyşmaga, oňa ýaraşykly, sazlaşykly ýaşamaga ukyplydyrys.

Durmuş hakda oýlan. Käbir adamlar bar, ellerinden gelýän iň uly zat durmuşa näşükür bakmak we ýaşaýşy bihuda hasaplamak. Olaryň durmuş sözlüginde zeýrençdir teýenelerden, galagoplukdan, gorky-ünjülerden başga söz ýok. Kanagatsyzlyk, kaýyl dällik, şikaýat, zeýrenç, arz olaryň aýrylmaýan hal-hemrasy.

Ruhubelent adamlar hemişe özlerine seredýärler. Aýna bakýarlar we özlerini oňarýarlar. Özleriniň bolmaýan ýerlerini diňe özlerinden görýärler we her bir bärden gaýdýan ýerlerini özleri düzetmäge jan edýärler. Olar hiç haçan özleriniň şowsuzlyklary üçin durmuşy ýazgarjak bolmaýarlar.

Durmuş zynjyr deýin biri-birine sepleşip, uzap gidýän tejribelerden, synaglardan, taplanmalardan ybarat. Her bir büdremä ýa böwede gereginden artyk wagt sarp etme. Sähelçe wagtlyk bu togtaýyş demiňi dürsäp, öňe has ruhubelent ilerlemek üçin zerur şert. Ýoly ýörän ýeňer.

Hemişe beýik bol! Hemişe aýna garap, özüňe serenjam berip dur. Alada-ünjüleriňi, ýadawlyklaryňy, argynlyklaryňy durmuşyň gerdenine atma. Sen bu ýüki özüň götermäge gaýratlysyň.

Durmuşy agyr edip görkezýän adamlara asla gulak asma. Ýaşaýşy tümlüge gabsaýanlara gabak galdyrma. Asylly maksadyňy, ýagşy amallaryňy dowam et. Bürgüdiň yzyndan uçup barýan serçäni görseler, kimseler, bürgüt serçeden gorkup, gaçyp barýan ýaly kabul eder, aslynda welin, beýle däldigine ikimizem dogry düşünýäris.

## 31. KAZYLAR

Rowaýatlara görä, gadym zamanlarda bir takwa adam bolupdyr. Allatagala oňa tükeniksiz mal-mülk, bol baýlyk bagyş edipdir. Ol örän köp sadaka berer eken. Bimöçber sahawat we ýagşylyk edipdir. At-abraýy, şöhrat-şany alyslara ýaýrapdyr. Ady jomartlyk we ýagşylyk, kerem-sahawat baradaky nakyllara siňip gidipdir.

Günleriň birinde ötegçileriň biri munuň öýünde düşlemekçi bolup, gapysyny kakypdyr. Iýer-içere, garbanara bir zat sorapdyr.

Öý eýesiniň ýüzi ýagtylyp gidipdir. Oňa hezzet-hormaty uludan tutupdyr. Göwün isläninden hem artykmaç zyýapat edipdir. Jomart we takwa adam özüni Taňrynyň ýalkandygyny, onuň tükeniksiz fazly-keremine, üznüksiz nygmatyna eýe bolandygyny buýsanç bilen gürrüň beripdir. Nahar-tagamyň ýany bilen oňa ýagşy zatlary ündemäge, wagyz etmäge başlapdyr. Ol şeýdip, öz buýsanjyny beýan etmäge girişipdir welin, ýaňky garybyň gaşy çytylyp, onuň ynanç-ygtykadyna hüjüm edip, ýazgaryp başlapdyr. Soňra sögünip: «Eý, Perwerdigärim, bu adam meni aç-suwsuz goýmak isleýär. Seniň merhemetiň we adalatyň nirede? Gündelik owkatymy dilegçilik edip gazanýaryn. Ine, bu adam bermesine berýär, ýöne ýanynyň gepi, minneti bilen ine-gana garbanmaga maý berenok. Millionlarça ynsana ýaýylan kerem-sahawatyny maňa dözenok. Meni iýip-içere günüme goý, bar, Hudaýyň bilen özüň gümra boluber, menden uzakda dur...» diýipdir.

Takwa adamyň muňa girre gahary gelipdir. Oňa dürli-dümen sögünç sözlerini suňşuranyndan soň, ýüzüni eňşedip, gahar-gazap bilen ol mätäji öýünden kowupdyr. «Her ýerde hezzet bilmez adamlar bar, toba-tagsyr. Berlenini iý-de otur. Ýagşy söz ýürege ýara salýarmy diýsene» diýip, öz ýanyndan hüňürdäpdir. Hak merhemetinden umytly uka batypdyr.

Düýşünde bir perişde onuň ýanyna gelip: «Biz saňa egsilmez mukdarda bol nygmat eçildik. Muňa jogap edip, sen hem il-güne, öten-geçene köp ýagşylyk etdiň. Şonuň üçin seniň adyňy öz ýany-

myzda köp sadaka berýän, jomart adam diýip ýazdyk. Ýöne sen ol garyby öýüňden kowup, bar beren sadakalaryňy köýdürdiň» diýipdir.

Takwa adam muňa geň galypdyr: «Men neneň ony kowmaýyn, heý-de Halygyň adyna ajy sözlär-de, sögüner-de, men rahat oturarynmy? Ol Ýeri-Gögi ýaradan beýik Taňra tokundy. Aslynda-da, ony Allanyň haky üçin iýdirip-içirdim, Allanyň haky üçin hem kowdum» diýipdir.

Perişde oňa garap: «Saňa kim aýtdy, ony kowmak bilen Hudaýy razy edýändigiňi. Sen yzgytsyz sözleriň, hüjümleriň bilen onuň lapyny keç etdiň. Ol adam altmyş ýylyň içidir, Allatagalany zalymlykda, adalatsyzlykda aýyplap gelýär, altmyş ýyl bäri ol Allatagala garşy gidýär, takdyra, kysmata nägileligini bildirýär, küfre girýär. Emma muňa garamazdan, Allatagala ony iýdirýär we içirýär, gündelik rysgyny ýetirip durýar. Oňa ýaşara şert döredýär. Ýaradan islese, ony ýere-de hopduryp bilerdi, emma her kesiň ybrat-netije çykarmagy üçin ýaşadýar.

Allatagala oňa altmyş ýyl bäri çydaýar, emma sen oňa sanaýmalyja minut hem çydamadyň. Alla ýaşadýan bolsa, ömür beren bolsa, diýmek, ol ýaşamak hormatyna hem laýykdyr. Ony seniň däl-de, Allanyň has gowy tanaýandygyny ýadyňdan çykardyňmy? Kähalatda käbir adamlaryň nadanlygyna çydam etmek hem zerur. Oňa ündemek isleýän zatlaryňy sypaýylyk bilen düşündirmelidiň. Wagty gelende ol öz etmişine ökünerdi, utanardy, her işiň hakykatyna kem-kemden göz ýetirerdi. Şonda seniň öz wezipäňi ýerine ýetirdigiň – amanaty ödedigiň bolardy. Hatda ol dogry ýola düşmedik hem bolsa, Biribara ynanmadyk hem bolsa, ýagşy işe sarp eden wagtyň ýerine düşerdi, yhlasyňa görä sogap gazanardyň. Sogap we sylag gazanyp bilýärkäň, onuň hakyndan mahrum galmazdyň» diýipdir.

Olaryň biri hemişe özüniňkini rast hasaplaýar, ýalňyşýandyryn, ýaňylýandyryn öýdenok. Şeýdibem durmuşyň giň ýollaryny gysby-dar ýodalara öwrüp taşlaýar.

Ynsanyýetiň iň uly betbagtçylygy özgeleriň hakyny iýmeklikdir, özgeleriň hormatyna kembaha garamakdyr. Olaryň birje nogsanlygyna ýa-da egsikligine çydam etmän, dessine hasap soramakdyr. Öz göwünlerine laýyk hereket etmeýän bolsa, gaýra goýman jezaly jogabyny suňşurmakdyr.

Muhammet pygamber agasy Abu Talyby örän gowy görýärdi, çyn ýürekden söýýärdi. Abu Talyp hem doganynyň ogly Muhammedi şonuň özünden egsik saýmazdy. Ýöne bu söýgi pygamberimize onuň agasyny yslama getirmäge ýeterlik bolmady. Bu aýdyň mysal – dine girmek akyl-mantyk esasynda hasyl bolanok, oňa duýgy-düşünje hem täsir edenok. Ol diňe içki kanagata, Ylahy towpyga bagly.

Şonuň üçin hem pygamber alaýhyssalam dileg edeninde we bize-de dileg etmegi öwredende, dileg üçin elimizi ýokary galdyranymyzda: «Haky hak edip görkez we bizi oňa eýert, batyly batyl edip görkez we bizi ondan çetleşdir» diýer eken.

Sebäbi, biz, köplenç, halatda batyly hak kimin görýäris we derrew hum ýaly çişip, öz haý-höwesli pikirlerimize berilýäris. Haky batyl hökmünde görýäris we onuň garşysyna gidýäris. Bu uly garma-gürmelikden başbütin, sag-salamat çykmagyň iň ygtybarly ýoly – mylaýym söhbetdeşlikde bolmak we süýji sözler bilen jedel etmekdir.

Bize sözlemegiň dürli öwüşginlerini öwrenmek, özleşdirmek buýruldy. Gürleşmek edebi, jogap gaýtarmak edebi, gulak asyp, diňlemek edebi, sazlaşykly owadan gürlemek edebi – bize öwrenmek buýrulan zatlar. Adamlar pikir-düşünjeleri sebäpli süýt-sorag edilýän däldir.

Hatda biziň hak ýoldan barýandygymyza garamazdan, adamlary öz ýolumyza mejbury, zorluk bilen çekmäge hiç hili hakymyz ýok. Eger-de olaryň biz bilen pikiri gabat gelmeýän bolsa, olara töhmet atmak hem gadagan edilen zat.

Beýik pikirleri kalbynda göterýänlere ýokardaky birinji kyssadan netije çykarmak gerek. Mylaýym we hoşamaý söhbet arkaly biz amanat zadymyzy – ile-güne ýetirmeli pikirlerimizi adamlaryň

ýüreklerine girizip, ornaşdyryp bileris. Biz diňe ündeýji, biz kazy däl. Biz diňe ýagtylyk saçýan alawy göteriji, biz höküm çykaryjy däl. Goý, biziň gursaklarymyz dürli-dümen gapma-garşylyklardan tämiz we päkize ýer bolsun.

Söhbede girişmekden gorkýan adam – ol ejiz, gorkak, sandyrawuk adamdyr. Emma güýçli adamlar, olar hemişe dürli akyllar bilen gabatlaşmaga döwtalap. Olaryň kagyzlary tertipläp, pikirleri düzgüne salýandyklaryny, bütin dünýäni süýji ýylgyryşlar hem-de asuda we ynamly garaýyşlar bilen gujaklaýandyklaryny görersiň.

Şu wezipäni doly ýerine ýetirmäge ilkinji mynasyp adam Sen! Salykatly, deňagramly, ylhamly ýerine ýetirmäge tüýs hakly adam Sen! Sözleşmäge, söhbet etmäge ukyply ilkinji adam Sen!

Hiç wagt gorkuly gürrüňleri gozgamak arkaly adamlaryň ýüregine aralaşjak bolma. Hatda maňa ýaramaýan hem bolsa, meniň garaýyşlaryma düýbünden çapraz gelýän hem bolsa, sen aýdasyň gelýän pikiriňi erkin we akyla makul taraşlap aýt.

## 32. HAS ÇALT BOLMAK ÜÇIN HAÝAL ÝÖRE!

Bu sözleriň juda geň ýaňlanmagy mümkin, emma hakykatyny sözläýin, biz her näçe asuda boldugymyzça, işimizi has çalt we kämil ýerine ýetirýäris.

Edara ediş-dolandyryş ugrundan sowatly adamlar: «Özüňe asuda pikirlenmäge näçe köp maý berdigiňçe, kelle çişirýän ýagdaýlara çümmersiň, üznüksiz basyşlara uçramarsyň we işleriň hötdesinden has çalt gelersiň» diýip ýazýar.

Köplenç halatda, işleri desbi-dähel, howul-hara bitirmäge çalyşýarys. Şeýdenimizde, has köp wagt utýan ýaly. Emma gyssagara eden işlerimizde goýberen säwliklerimizi, hatalarymyzy düzetmek üçin ýene şoňa barabar ýa-da ondanam köpräk wagt sarp etmeli bolýarys.

On ýedinji asyrda ýaşan meşhur hytaý suratkeşi Şu Ýong durmuşyna täsir eden bir waka hakda gaýta-gaýta gürrüň berer eken.

Bu waka onuň durmuşa bolan garaýşyny düýpgöter özgerdipdir we wakalara, zatlara başgaça çemeleşmegiň zerurdygyny öwredipdir. Ol bir gezek derýanyň beýle kenaryndaky şähere aşmak isläpdir. Gämä münüpdir we gäminiň kapitanyndan şäher derwezeleri baglanmanka özüni şol ýere eltmegini sorapdyr, ýogsam Gün eýýäm ikindiden agyp başlan eken. Gün ýaşan çaglary şäheriň derwezeleri ýapylýan ekeni.

Gämi derýanyň beýle kenaryna gelip ýetende ýaňy iňrik garalan eken. Gäminiň kapitany Şu Ýonguň goşuna birlaý göz aýlapdyr. Howul-hara tertiplenen we gowşak daňylan kagyz toplumlary onuň elinde ekeni. Kapitan oňa: «Has çalt ýöremeseň, bu ýöreýşiň bilen şäher derwezesine ýarygije aşarsyň» diýipdir. Şu Ýong şäher derwezeleriniň ýapylmagyndan hem-de özüniň ogry-garakçylara pida bolmagyndan gorkupdyr. Ol şeýle bir ýöräpdir, daşyndan görseň, ol towsaklap barýan mal mysalynda ekeni. Birdenkä-de onuň elindäki kagyz daňylary çözülipdir we barja kagyzy çalam-çaş bolup, töwerege pytrap gidipdir. Ol aljyrap, näme etjegini bilmändir. Kagyzlaryny çöpleşdirip, şäher derwezesiniň agzyna baryp ýetende, eýýäm derwezeler ýapylan ekeni.

Şol günden başlap Şu Ýong bir zada akyl ýetiripdir: «Gyssanmak hemişe wagtyň bähbidine bolup duranok. Howlukmaçlyk dürli kynçylyklary, müşgillikleri we büdremeleri döredýän iň esasy zatlaryň biridir».

Wagtyň gymmatyna düşünip, işimizi gyssanmaçlyk bilen bitirsek, has köp wagt utaýjak ýaly görýäris. Wagty tygşytlamak durmuşa sazlaşykly gopmaga elter öýdýäris, emma bu dogry pikir däl. Wagty rejeli peýdalanmak diňe maksatlaryňy ilik-düwme öwrenip, ädimleriňi anyk kesgitlemek arkaly gazanylýar.

Dolandyryş alymlary we adamlary, professorlar özleriniň durmuş tejribelerine we beýleki barlaglaryna esaslanyp, şeýle bir pikiri aýdýarlar: «Bir sagatlyk asuda pikir azyndan üç sagatlyk netijeli amaly üpjün edýär». Has gülkünç ýeri, köpimiz bir hakykaty bilmeýäris – işe dessine girişmek üçin başlamak isleginiň özi ýeterlikdir öýdýäris. Emma başlamakdan öňürti mazaly ölçäp-biçmek zerur. Ätjek ädimleriňi ölçe-

mek, kesgitlemek wajyp. Ýogsam, birnäçelerimiz meýilleşdirmek üçin pikirlenmegi wagty yrýa etmek ýaly görýäris.

Oýlanyşykly hereket edýän adamlar aýdýar: «Gyssanmaçlyk bilen iş bitirjek bolýan adamlar pikirlenmezden gelen kararlary, başyna baran işleri üçin azyndan şonuň ýarysyna barabar wagty gaýtadan şol işe sarp etmeli bolarlar. Eger-de öňünden azajyk pikirlenip, oýlanyşykly hereket eden bolsalar, howlukmadyk bolsalar, gaýta, has haýyrly, bähbitli bolardy we ep-esli wagt utardy».

Ýandepderçäme şeýle ýazgyny belläp alypdyryn: «Tiz bitirmeli işleriň ählisi önjeýli iş däldir. Ýalta adam işini ýüzleý bitiribem, ýaltalyga howlugyp biler (Abbas Mahmud al-Akkad)».

## 33. BARYNDAN LEZZET AL

Köneden gelýän bir adata göwnüm gidensoň, ony esasy durmuş ýörelgäme öwürdim: «Özümde ýok zada ýa-da özümiňki däl zada göz aýlamazlyk hem-de gazanyp bilmejek zadymy küýsemezlik gerek».

Hemişe özüme gelişýän lybaslary geýinýärin, özüme kybap donlara bürenýärin. Meni az salymlyk ýokary galdyryp, soňam öňki tebigy ýagdaýyma getirip goýjak towsuşlardan, böküşlerden lezzet almaýaryn.

Ulag satyn almak üçin karz alýan dostumdan gaty görýärdim. Ol özüne-de, maşgalasyna-da agyr ýük, urna bolýardy. Oňa: «Öz derejäňde ýaşaber, eliňde bar zatlardan lezzet al, şolaryň hözirini gör. Sen heniz beýle ulag satyn alardan bäş ýyl dagyn ir terpenýärsiň. Heniz gazanmadyk derejäňde ýaşamaga neçün howlugýarsyň?» diýip, nägile bolýardym.

Soňra daş-töweregimdäki adamlara göz aýlap, döwrümizde örän köp adamyň öz mümkinçiliklerinden bir ýa-da birnäçe ädim öňde ýöreýändiklerine düşündim.

Bir gün meşhur hekimleriň biriniň ömür beýanyny okanymda şeýle wakanyň üstünden bardym. Akylyň goýalyşyp, durmuş wakala-

ryna siňe-siňe nazar salanyňdan soňra, bu sözleriň manysyna has-da çuň düşünýärsiň.

Günleriň birinde bir dananyň ogly elem-tas bolup, ylgap gelipdir: «Kaka, buşluk, bir hoş habar bar, bazarda kilosy bir dinardan hurma satylýan eken. Satyja bir çuwal hurmany aýryp goýmagyny haýyş etdim, pulumy alyp gelýänçäm garaşmagyny soradym...» diýipdir. Dana ýaşuly bu sözlere ýylgyrypdyr we ogluna bakyp: «Şu iki dinary al-da, oňa düşýän zerur zatlary al» diýipdir.

Ogly kakasynyň sözlerine geňirgenipdir-de, hiç hili garşylyk görkezmezden, bazara eňipdir. Aradan köp wagt geçmänkä, kakasy ogluny ýanyna çagyrypdyr: «Bu günler bazarda hurmanyň nyrhy näçe boldy?» diýip sorapdyr. Ogly: «Bir kilosy bäş dinara çykdy» diýipdir. Kakasy: «Bar, onda, gitde, bir çuwal hurma getir» diýip, ogluna pul uzadypdyr. Ogly muňa geň galypdyr: «Kaka, seniň bolşuň birgeňsi, hurmaň bahasy bir dinarka almakdan ýüz öwürýäň. Bäş dinarka bolsa göwünjeň satyn alýaň» diýipdir. Kakasy: «Oglum, hurmaň bahasy bir dinarka meniň ýanymda iki dinardan başga pul ýokdy, emma bu wagt pulum kän, gurbum bar, şonuň üçin hem arkaýyn alýaryn» diýipdir.

Akyldarlaryň ýöreýän iň dogry durmuş ýörelgesi – zada zar bolmazlyk strategiýasy. Gazanyp bilmeýän, häzirki pursatda ýagdaýyň ýok zady küýsäp, isläp başlasaň, dessine onuň tamasyny hem, pikirini hem kalbyňdan çykar. Diňe şeýtmek bilen ony gazanmak tomaşasyndan we onuň täsirine berilmekden halas bolarsyň. Ýogsam, ýagdaýyň ýok zada gultunyp, gaýta-gaýta ýatlap ýa-da göz gezdirip dursaň, ol seni birahat we ynjalyksyz eder. Köp zatlara ünsüňi jemlemekden sowar. Has ýamany-da, özüňde bar zatlaryň we daş-töweregiňdäki zatlaryň ajaýyplygyny, gözelligini görmekden mahrum bolarsyň, ýakymly zatlaryň gözelligini duýup bilmersiň.

Biz isleýän her bir zadymyzy gazanyp bilmeýäris ahyry. Ýöne göwnüň, nebsiň küýseýän ol-bu zatlary hemişe peýda bolar durar. Şunuň ýaly ýagdaýlarda ýüregimizi we ruhumyzy ynjaldyrmak islesek, biz Allanyň beren nygmatlaryna, akyl-ukyplaryna razylyk

we kaýyl-kabullyk gözi bilen bakmalydyrys. Şonda biz heniz köp adamlaryň özümizde bar zatlary arzuw edýändiklerine göz ýetireris. Özümiziň nygmat kölünde gulaçlap ýüzýän ynsanlardygymyzy duýarys. Emma näme üçindir biz şeýle ajaýyplyklary duýmaýarys ýa-da olaryň barlygyndan hem bihabar gezýäris.

Omar ibn al-Hattab bir dirhem bahasy bolan bir nahary iýmek islese, ony bir ýyl soňa süýşürer eken. Ol nahary hakykatdan hem özüniň iýmek isländigini ýa-da nebsiniň islegidini bilmek üçin şeýder eken.

## 34. BAR ZADYŇ HÖZIRINI GÖR...

Ol gözüniň öňündäki ähli hazynalaryny ýygnamak isledi. Elinde bar ähli zadyny satdy we düşen bahasyna hem bir altyn guýmasyny satyn aldy. Soňra öýüniň howlusyndaky bir ýaşyryn ýere gelip, çuň çukur gazdy we altyn guýmasyny şol ýere gömdi.

Her aýda genji-baýlygyny görmek üçin çukury gaýtadan gazardy. Gündiziň ep-esli bölegini çukuryň gabat garşysynda oturyp geçirerdi. Höwesini, güýmenjesini, küýsegini, hyýalyny şoňa gönükdirer oturardy. Soňra başga biri göräýmesin diýen howatyrlanma bilen ýene-de onuň üstüne gaýtadan gum sürerdi.

Şeýle-de bolsa takdyr ony hoşuna gelmejek duýdansyz bir zada uçratdy. Onuň çukuryň öňünde ep-esli wagt sermisal bolup oturanyny adamlaryň biri görüpdir hem-de bu işde nähilidir bir syryň bardygyna anyk göz ýetiripdir. Hum eýesiniň giderine mähetdel, ol ýeri köwüp başlady we altyn guýmasynyň üstünden baryp, ony ogurlady...

Hum eýesi öňki endigine görä hazynasyny görmäge geldi. Ony tapmady we akylyny ýitirene döndi. Zenan maşgala ýaly hünübirýan aglap, gözýaş döküp başlady. Goňşusy onuň bu halyny görensoň, «eýgilikmi?» diýip sorady. Hum eýesi ähli wakany we pajygaly soňy beýan etdi.

Goňşusy bu adamyň öte husytdygyny, barmagyndan damanyny dodagy bilen ýalap alýan syrnyh biridigini, ne özüne, ne çagalary-

na hiç bir zadyny dözmeýändigini magat bilýärdi. Goňşusy oňa bir üýtgeşik teklip etdi. «Hol zyňylgy daşlaryň arasyndan bir daşy al-da, şol ýere gömüp goý. Sen ony şol altyn guýmasy hökmünde görüber» diýdi. Hum eýesi bu teklibe ör-gökden geldi. Goňşusy: «Barybir bütin durmuşyňda sen ony ulanyp, peýdalanyp, keýpini-hözirini görüp bilmejek bolsaň, ol ýere gömüljek daşyň haýsy gymmatlykdaky daş bolmagynyň näme tapawudy bar?» diýip, bu teklibini düşündiripdir.

Bu ýönekeýje kyssadan durmuş sapagyny alyp bolýar. Käbir adamlar özlerindäki gymmatbaha zatlara şeýle bir berilýär, özleri şol zadyň bendi-ýesirine öwrülýärler. Onuň hözirini görüp, özlerine hyzmat etdirmegiň deregine, ähli pikirlerini, güýç-gaýratlaryny, yhlaslaryny şonuň hyzmatyna sarp edýärler. Harç edýärler.

Ine, gorkynyň bütin durmuşymyza ýetirýän täsiri. Gorky gözlerimizi baglaýar we işleriň hakykatyna düşünmekden saklaýar. Nämedir bir zady ýitirmek gorkusy seni onuň ýesirine öwürýär duruberýär.

Pygamber alaýhyssalam zatly bolmagyň hakyky manysyny açyklanda çuňňur manyny berýär: «Adam ogly: «Malym-halym--baýlygym» diýer. Ýöne iýip-içeniňden, sadaka bereniňden ýa-da özüňe siňdireniňden, geýip tozduranyňdan başga zat seniň malyň bolup bilmeýär».

Zatly bolmagyň, zada eýe bolmagyň hakyky manysy, eger-de şol zat seniň hyzmatyňa ýaraýan bolsa, haýry degýän bolsa, seniňkidir. Saňa haýry degmeýän zady, hatda öz adyňda durandygyna garamazdan, özüňki däl ýaly duýuber.

Demir sandyklaryň içinde agzy gulply ýatan bihasap mukdardaky puluň eýesi garyplykdan we mätäçlikden ejir çekýän bolsa, onça baýlyk derdine ýaramaýan bolsa, ol pullaryň, nämä haýry bar?

Öňki bölümlerde biz heniz ýetmedik derejesinde ýaşaýan, ellerinde ýok zat bilen sapa sürmäge ymtylýan adamlar hakda ýatlapdyk. Bu bölümde bolsa ýagdaýy-gurby bolubam, ýaşamaly derejesinden has

pes ýagdaýda bolýanlaryň söhbedini etdik. Şeýdip, olar ellerinde bar baýlygyň hözirini görmekden özlerini mahrum edýärler.

Beýle adamyň nebsi-dünýäsi, onuň syrnyhlygy, husytlygy we baýlyk-hazynasy hakda oýlandym. Her täze gün onuň wawwaly derdi, aladasy, birahatlygy. Onuň bolşy ertirine, Allanyň ýetirjek rysgyna ynanmazçylygyň alamaty. Adamlara ynamsyzlyk bilen bakmagyň nyşany.

Şeýle adamlar özleriniň ýaşaýan durmuşyny jähennemiň bir bölegine öwürýärler. Olaryň dartgynly we galagoply ýagdaýlary, gorky-ürküleri, gazananyny maşgalalaryna harç etmezlikleri, elini açmazlyklary ýanýoldaşynyň we bala-zürýatlarynyň öňündäki jogapkärçiligi ödemezlikdir.

Olar imisala we rahat adamlaryň tersinedir. Imisala adamlaryň ertesinden gorkusy ýok. Elinde bar zady isrip etmezden we gysganmazdan özüne dözüp bilýärler. Her ätjek ädimini, etjek işini ölçerip dökýärler. Sebäplere we pursatlara ýapyşýarlar. Sebäplere görä hereket edýärler.

Mahlasy, Allatagalanyň bagyş eden naz-nygmatynyň, akyl-zehininiň eşretini gör. Husyt-syrnyh bolma, hözirden özüňi mahrum etme. Allanyň berenini özüňe dözüp bilseň, Ýaradan özüňe we haýra siňdiren her zadyň öwezini esseläp dolýandyr.

## 35. HATASYZ ADAM ÝOK

Bir alymyň örän köp şägirdi we talyby bar eken. Onuň ylmyndan öwrenmek, peýdalanmak üçin müňlerçe adam onuň huzuryna geler eken. Çözmesi kyn bolan meseleleri, aňlaryny garjaşdyran sowallary hakda oňa ýüz tutar ekenler. Emma günleriň birinde ol bende bir günä işe baş goşupdyr, şondan soň adamlar ondan daşlaşyp, ony terk edipdirler. Talyplar hem öz halypalaryndan ýüz öwrüpdirler. Onuň günä işe batyrynmasyny özleri üçin hem biabraýlyk hasaplapdyrlar.

Alym öýünde içini hümledip otyrka, gapy kakylypdyr. Açyp görse, bosagada ylym öwrenmek isleýän ýaş oglanlaryň biri duran ekeni. Ýaş oglan girmäge we alymdan sapak almaga, öwrenmäge idin sorapdyr. Alym muňa geň galyp: «Sen näme üçin beýlekiler ýaly meni terk edip, taşlap gitmediň?» diýip sorapdyr. Ol oglan: «Öň hem sizi pygamber hökmünde däl, adam hökmünde görýärdim. Adam bolsa ýalňyşyp biler» diýip jogap beripdir.

Üşükli bu ýaş oglan her birimiziň üns bermeli esasy hikmetimize – durmuş paýhasyna ten berýär – durmuşda, dünýäde hiç bir ýazygy bolmadyk adam ýok. Ýalňyşmaýan, hata goýbermeýän, säwlige uçramaýan adam ýok. Şonuň üçin hem hiç kim beýlekilerden perişde ýaly päkize, arassa bolmagyny talap etmeli däldir.

Adamlar, ähli adamlar, hemme adamlar säwlik-hata goýberýär. Haýsydyr bir adamy bir dar ýere gabap hem-de olara birtaraplaýyn esasda höküm çykarsak, ony öz ýalňyşynyň ýesiri, bendisi edip goýsak, onda öte ýalňyşdygymyz, oňa aýdyň sütem etdigimiz, inkär etdigimiz bolar.

Bagyşlamagy, geçirimlilik etmegi, ýazygyny ötmegi, başarmaly.

Bir gezek Isa pygamber günä işe baş goşan zenanyň daşyna hümerlenişip duran adamlaryň ýanyna barypdyr. Adamlaryň her biriniň elinde birlän-ikilän daş bar eken. Zenany bu ýazygy üçin daşlajak bolup duranmyşlar.

Isa pygamber bu adamlara bakyp, asyrlara siňen sözlerini aýdypdyr: «Kim ömründe hata iş edip görmedik bolsa, şol daşlasyn...». Adamlar biri-birine bakypdyrlar. Soňam, hersi öz ýoluna gidiberipdir, çünki hatasyz adam ýok.

Pygamber alaýhyssalam hem hata iş edýänlere giňgöwünlilik bilen garaýar, ýaş-ýeleňlere mähirli, mylaýym, ýumşak daraýar. Hata goýberýäniň ýalňyş hereketlerini aýratyn bir tegelege salýar, emma ol adamyň tutuş özüni şol tegelege girizmeýär. Paýhasly adamlar hem işleriň hakykatyny şeýle görýär.

Hemmeler ýalňyşýar... olaryň käbiri has bet işlere hem baş goşýar... Zulum... nähaklyk... eger-de sähel säwlik ýa-da hata goýberenleri aramyzdan sogrup aýryp, günälerden ýülünilýän ýere sürgüne iberjek bolsak, olaryň öz aramyzda gezip ýörmegini islemejek bolsak, olara toba etmäge maý bermejek bolsak, ine, bu hem uly zulumdyr.

Ýüregini Hakdan üzmeýän adamlar bar, olar örän geçirimli, mylakatly, olaryň şu durmuşda barlygy hem durmuşa gözellik, owadanlyk çaýýar. Haýsydyr bir säwligi, büdremesi, hatasy üçin adamlary inkär etjek ýa-da özünden çetleşdirjek bolanok. Gaýta suwuň giňişlige ýaýramagy üçin çüýşäniň dar bogazyndan geçişi deýin, durmuşyň dar we dartgynly ýerlerinde olar bilen ýanma-ýan ýöreýär, olara kömek, ýardam goluny uzadýar. Şeýdibem, olary özleriniň ýöreýän dogry ýollaryna alyp gelýärler.

Biz perişde, melek däl. Biz pygamber däl. Biz adaty adamzat nesli. Adamzat neberesinde günäsiz, hatasyz hiç kimse ýokdur.

## 36. HALALHONLYK

Käbir adamlar beýiklik, epeýlik, adamkärçilik, amanada ygrarlylyk, her kesiň hak-hukugyny ödemek diýen ýaly düşünjelere juda biparh garaýar.

Mekgede bolan bu waka taryhy eserlere siňip gidendir. Söwdagärleriň biri Mekgä barypdyr. Mekgede uly abraýdan peýdalanýan Asy ibn al-Wail atly biri onuň ähli harytlaryny satyn alypdyr... hawa, satyn alypdyr, emma ... onuň eýesine gara şaýam bermändir, hatda berjegem bolmandyr. Il içindäki ornuna, gara güýjüne, kuwwatyna daýanyp alypdyr. Harytlaryň eýesi kureýşiň uly adamlarynyň ýanyna baryp, hakyny alyp bermeklerini towakga edipdir. «Kimden? – Asy ibn al-Wailden... ýok, ýok, asla beýle bolmaz, bar öz işiň bilen bol» diýip, onuň üstünden gülüpdirler. Harytlaryň eýesine kömek etmekden geçen, gaýta üstünden gülüp, ýaňsylap, kemsidipdirler.

Haýyr bolmajagyna gözi ýetende, hakyny alyp berjek adamyň ýoklugynda, ol uly sesi bilen goşgy okap başlapdyr. Onuň bu goşgusy amanada ygrarlylygyň, lebzihalallygyň, mertebäniň ölümi hakdaky elegiýa eken. Ol mukaddes toprakda ynsan hakynyň ödelmeýändiginden, sarpasynyň tutulmaýandygyndan, kemsidilýändiginden şikaýat edipdir.

Bu elegiýa köplere täsir edipdir. Şol ýerde birnäçe adam ýerinden turup, hakykatyň tarapynda durmaga äht edipdirler. Dogry, bularda baýlyk ýok, ýöne mazlumyň hakyny gorap biljek gaýrat bar, galat söze garşy durup biljek mertlik bar. Parhy ýok, zulum eden adam her neneň gaýratly, güýçli, zabun, haýbatly bolubersin, mundan soňra adalata daýanyp, her kimiň hakynyň ödeljegi çyn.

Bular zulum-sütemiň garşysynda bir el, bir göwre bolmak hakda äht edişipdirler. Asy ibn al-Wailiň howlusyna tarap akyn edip, ondan hälki täjiriň hakyny zorluk bilen alyp beripdirler. Şondan soň bu jelegaýlarda özüne nähak garalan her kimse bularyň ýanyna baryp, ýagdaýyny mälim edipdir we hakyny gazanypdyr.

Ahlak pajygasy adamzada, jemgyýete abanýan äpet howpdur. Haksyzlygyň garşysyna oýa, hüşgär ynsap bilen, iň bolmanda, niýetlerimiz bilen hereket etmeli. Bu ähte eýermegiň ilkinji talaby – özüňden başlamak, ilki bilen özüň özgeleriň, gaýrylaryň hakyny iýmezlik.

Haýyr miwelerini ýolmak ýolunda, gowy mertebeleri gazanmak meýdanynda hemişe beýik we asylly häsiýetlere eýer, birjik-de şol mertebelerden aşak düşme. Ýogsa, aldawçy we ser sämediji höwesler, baş aýlaýjy duýgular tiz unudylýan tagamyna maýyl edişine seni şowsuzlyklar guýusyna gabap goýar.

Gazanç-girdejiniň näçedigine, nähilidigine garamazdan, hemişe hak sözlemäge, hakykatyň tarapynda durmaga kasam et. Kynçylyklar, päsgelçilikler herneneň bolsa-da, hemişe mazluma, sütem görene, haky iýlene tarapdar bolmaga çalyş. Howp-hatary, neneňsi uly bolsa-da, zalymyň eline kakyp, dur diýmäge gaýratlan.

Gara nebsiniň ryzasy üçin öz dostlaryny satanlara, olara hyýanat edenlere, lebzine tüýkürenlere, hameleon ýaly dessine üýtgeýänlere gabat gelensiňiz. Aglaba halatda hem şeýle ýoldan ýöränleriň gazanan zady ujypsyz we wagtlaýyndyr, üstesine asla berekedi ýokdur. Soňra bolsa olar şol nähak hereketleriniň wyždan jezasyny, ynsap yzasyny çekýärler.

Ýykylan birini görse gözüni ýumýanlar, kömek soraýan birini eşitseler gulagyny dykýanlar, uzakdan bir garyp-biçärä, kömege mätäç bendä garasy kaklyşandan, derrew ýüzlerini beýle ýana sowýanlar bar durmuşda... emma şahsy peýdasyny jandan eziz görýänler mekir-hilä, aldawçylyga duwlanmagy, göz ýumup-açasy salymda müň öwüsmegi hiç zatça-da görenoklar. Özlerini aklamak üçin ulanýan delili hem – dünýäniň özi durky-düýrmegi bilen mekirlik, hilebazlyk, duzak guruşmak oýnumyşyn.

Şeýle adamlaryň gözgyny halyna serediň. Olar her kesi aldap, oýnap, ýakyp bolýandyr öýdüp düşünýärler, emma uzak wagt geçmänkä pelek olara şeýle bir daraýar welin, ýene-de nebsi agyrýan il-gün. Birje nähak hereket üçin öňküden esse-esse artyk zatlaryny ýitirip, hasrat ýuwdup başlaýarlar. Hasapsyz zat ýok – her hereket, söz, amal, niýet, päl-pygyl – hemmesine hasap bar. Nähaklyga, haram ýol bilen baýamaga ýykgyn edýänler ilki bilen özlerini, öz ruhlaryny, ynsaplaryny, wyždanlaryny ýitirýärler. Bu zatlardan aýrylaňsoň, seniň ynsanlygyň nirede bolsun?

Durmuşyň duýdansyz apatlaryndan mümkingadar goranmak üçin dogry ýoldan ýöre, mertebelilik, mertlik, abraýlylyk ýaly gymmatlyklary asla inkär etme. Beýik ýoldan düşüp, soňy çöp-çalama urýan gumaksy ýodalara aýak basma. Daşyndan göräýmäge asuda-arkaýyn ýaly görünse-de, beýle pisint adamlaryň içleri hasratly ahwalatlara giriftar bolýar.

Adam üçin il gözünden düşmek ýaly biabraýlyk ýok. Hiç bir teselli bu ýitginiň öwezini dolup, aradan aýryp bilmez. Şonuň üçin özüme we saňa bir zady pugta ýaňzytmagyma rugsat ber – biz öz içimizdäki milli gymmatlyklara, başlangyçlara, arassa pikirlere, halal duýgulara

äsgermezçilik bilen garamaly däldiris. Ynanç-ygtykadymyzy söwda terezisine salmaly däldiris, onuň üstünden ätlenilip, hereket edilende gözümizi ýummaly däldiris.

Ýadyňda bolsun, halkyň arassa däp-dessurlaryny, päkize ýörelgelerini alyp götermek, şolar esasynda durmuş ýoluna gadam basmak ýeňil-ýelpaý iş däl, emma arassa kalp, asuda ten, ynjalykly ynsap, razy köňül bilen ýaşasak, ýagşylyklary sungat deýin ýasasak, hereket etsek, durmuş ýüküni gerdenimizde götermek aňsat düşer.

Ýaramaz işler etseň, hiç kim «towugyňa tok» diýmese-de, içiňdäki ynsap pyşyrdylary päliňi düzetmegiňi ýatladar durar. Ýandepderçämde belläp alan, aşakda ýatlanyljak adamlaryň gününe düşme: «Olar şeýle bir ýaňraýarlar, şeýle bir gürleýärler, bir pursat hem dymmaýarlar... Olar ýürek çuňluklaryndaky ynsap sedasyny eşitmekden gorkýandyklary üçin şeýdýärler (Gadet as-Seman)».

## 37. ZEHINIŇI HALAL ULAN

Ol örän owadandy, syratlydy, hemmeler bilen mylakatly gürleşerdi, ýylgyryp habar gatardy. Günleriň birinde ýaşaýan ýeriniň gabat garşysyndaky dükandan gök-bakja önümlerini satyn almak üçin daşary çykdy. Garry satyjy onuň diýýän gök önümlerini çekip, ölçeşdirip, gaplap berdi we munuň bahasy hökmünde ýigrimi dollarlyk puluny aldy. Dollary gapjygyna saldy we birdenkä bir zada gözi kaklyşdy.

Satyjynyň öl elinde nähilidir bir syýa ýokundysy bardy. Ol gaýtadan seredeninde şol syratly we sypaýy adamyň beren ýigrimi dollaryndaky syýalaryň hem pozulandygyny görüpdir. Içine güman gidipdir: «Bu galp pulmuka? Özi ýasaýan-a däldir-dä...» diýipdir. Şol wagt ýigrimi dollar hem uly pul eken. Satyjy uly iliň sylag-hormatyna eýe bolan adamdan soramaga, oňa şübhesini mälim etmäge çekinipdir. Ýöne bilesigelijiligi gününe goýmansoň, her zadyň anygyna-şänigine ýetmek üçin polisiýa ýüz tutupdyr. Polisiýa

işgärleri haýran galypdyr: «Eger-de bu galp pul bolsa, onda ony ýasan adam örän zehinlidir, oýlap tapyjylygy, başarnygy üçin-ä sylaga mynasypdyr» diýşipdirler.

Soňra deliller we şübheler esasynda onuň öýüni barlamaga rugsatnama berilýär. Görlüp oturylsa, onuň öýüniň bir gizlin çüňkünde hakykatdan hem maliýe pullaryny galp ýasar ýaly stanok, abzal bar eken. Şeýle hem şol ýerde öz eli bilen çeken we aşagynda goluny hem goýan üç sany surat kartinasy bar eken.

Bu adam hakykatdan-da sungat adamy bolup çykypdyr. Edýän işlerine örän zehinli, oýlap tapyjylykly, döredijilikli çemeleşýän eken. Hatda şol pullaryň suratyny hem eli bilen çekýän ekeni. Eger-de ýaňky ýaly ýönekeý bir sebäp ýüze çykmadyk bolsa, onuň bu halyny hiç kim biljegem däl ekeni.

Emma kyssa munuň bilen tamamlananok.

Polisiýa işgärleri ýaňky abzaly we ol ýerdäki üç sany kartinany hem döwletiň haýryna geçirýär. Kartinalar auksiona çykarylýar we üç suraty jemi 16000 dollara satýarlar. Bu ýagdaýy gören öý eýesi haýran galyp, essinden aýylýar, sebäbi ol ýigrimi dollarlyk bir kupýurany ýasamak üçin sarp edýän wagtynda şonuň ýaly bir kartinany çekýän eken.

Bu adam hakykatdan hem zehini, başarjaňlygy babatda aýratyn hormata, öwgä mynasyp adam, emma ol zehinini biderek zatlara sarp etdi. Halal ýol bilen has uly girdeji gazanmaga ýagdaýy, ukyby barka, onuň nä günlere düşüp ýörşüne serediň.

Bu etmişi dogrusynda sorag edilende, ol: «Men bu bolan zatlar üçin jeza çekmäge doly mynasyp. Çünki özgelerden öňürti men özümi, öz zehinimi taladym. Ony nädogry ýerde ulandym» diýipdir.

Bu kyssa bize şeýle bir sapagy berýär, biz köplenç halatda özgelere däl-de, özümize garşy hyýanatçylykly hereket edýäris. Özümizi, zehinimizi ogurlaýarys. Özümizi talaýarys, özümizi zaýalaýarys, arzuwlarymyzy wagtyndan öň düşürýäris. Biz özümize duşmanlarymyzdan we göriplerimizden has köp zyýan berýäris.

Köplenç halatda kine-kibir, töhmet we aýyplama barmagyny jemgyýete, ata-babalarymyza, durmuşa gönükdirýäris, aslynda welin, şol gümanly, şübheli barmagy ilki bilen özümize gönükdirmeli. Öz etmişlerimiz dogrusynda pikirlenmeli.

Gör, zehinli, başarnykly adamlaryň näçesi bar, öz ukyplaryny ýeliň ugruna sarp etdiler, ýönekeý, pes arzuwlar, ujypsyz düşewüntler bilen karar tutdular. Beýik maksatlary hem bolgusyz isleglериniň çäginde ýitip, ýok bolup gitdi.

Gör, näçe adam bütin ömrüni az-owlak dünýälige satyp, mertebesinden jyda düşýär?! Özi hem, köpimiz şeýle hereket edýäris. Ukyp-zehinimizi, güýç-gaýratymyzy mynasyp ýerine sarp etmeýäris.

Durmuşyň hakykatyny görüp bilmezlik iň uly apatlaryň biri, oňa gyýylyp-gynanmak hem juda çökder. Allatagalanyň beren ukyp-başarnyklaryny, energiýasyny bolgusyz işlere sarp etmek akyl ýetirip bolmajak apat. Gynansagam ömür geçýär, günler biri-birine dolaşyp, ömür sahypalaryny düýrläp barýar. Biz bolsa bu zatlara iň soňunda akyl ýetirýäris.

Belki, biziň aramyzda wagtynda oýanjaklar, wagtynda düşünjekler bardyr.

Ýandepderçäme şeýle bellik edipdirin: «Adam diňe özüni aldap bilýär, beýlekileri aldap bilmeýär. «Özgeleri aldamak» diýen düşünje kadadan çykma we käwagt bolýan zatdyr».

## 38. DUÝGULARYŇ AŇSAT AWLANYŞY

Ählimiziň aman-asudalygy we ynjalyk-rahatlygy gözlemegimiz tebigy ýagdaý. Nirede bolsalar hem, biz şol ikisiniň gözleginde. Wyždan rahatlygy, maşgala abatlygy, jemgyýetiň asudalygy – hemme ýerde bize, ilki bilen, şolar gerek.

Asudalygy küýsemek, mundan öň bolşy ýaly, hemişe-de ynsanyň asylky islegi we iň ilkinji talaplarynyň biri bolup galar. Pygamber alaýhyssalam hem asudalygy ynsanyýete gerekli iň ähmiýetli zatlaryň çür başynda goýup: «Kim öz ilinde aman-asuda, süňňi sagat, günde-

lik iýjek-içjegi tapdyryp duran bolsa, dünýä mülki eline geçen ýalydyr» diýýär. Psiholog lukmanlar we mugallymlar hem üns berilmeli ilkinji zerurlyklaryň hatarynda ynjalyk-rahatlygy ileri tutýar. Abadan we asuda-endigan ýaşaýyş üçin zerur bolan ilkinji zat şoldur. Abraham Maslou özüniň «Mätäçlik üçburçlugy» atly eserinde asudalygy ynsanyň mätäç bolan iň zerur zatlarynyň içinde, iýip-içmeden soňra, ikinji orunda goýýar.

Ýöne arkaýynlygyň, asudalygyň içinde hemmeleriň görüp bilmeýän başga bir pynhan duzagy bar. Köp kynçylyklardan soň eşrete çümýän adamlar we uzaga çeken göreşden soň gönenýän ynsanlar bu rahatlyga özlerini aldyryp, pynhan duzaga aýagyny daladýarlar.

Asudalyga, rahatlyga, arkaýynlyga aşa meýil etmek, gaýrat güýjüni, yhlas alawyny, ylham joşgunyny kem-kemden öçürip bilýär. Örän köp adamlar dynç alýan mahaly, özlerini rahat duýýan wagtlary iş etmeklerini, haýyr-sahawat, ýardam-enaýat etmeklerini bes edýärler. Nämedir bir zadyň alada-ünjüsi, birahatlygy, howp-hatary olary işlemäge iterip duran hyjuw. Bir zatdan howatyrlanmak duýgusy bolsa iş-amal etmäge, ýerine ýetirmäge iterýär.

Zehinli rus ýazyjysy Dostoýewskiý hut şeýle ýagdaýlary başyndan geçiren adam. Ýazan ajaýyp eserlerinden gelýän galam hakyny, harjyny, puluny hezil edip sowýan wagty, Dostoýewskiniň döredijilik zehini ýagy gutaran pelteli çyra ýaly bolýan eken. Haçanda döredijilikli zähmetden eli sowaşyp, gazanan ähli pullaryny sowup gutaranynda, zerurlyk, mätäçlik ony ýene garysyna galmaga, täze güýç, zehin bilen ýazmaga iterýän eken. Ine, Dostoýewskiý özüniň rahatlygyny diňe şeýle ýollar bilen gazanar ekeni.

Ahyry Dostoýewskiý durnukly, irginsiz işlemegi ýüregine düwýär. Birnäçe wagtlap oý-pikire çümeninden soňra, ahyry munuň bir çykalgasyny tapýar: «Has gowy ýazmak, has täze zatlary döretmek üçin puluň gutararyna garaşyp ýörmeli däl-de, derrew sowup gutarmaly we şol gün ýene-de täzeden joşguna berlip, ýazyp başlamaly».

Ol şeýle hem edýär – her günki ýazanjasyndan düşen puluny meýlishanalarda harç edýär. Puluny sowup gutaran dessine, öýüne dolanýar we täzeden ýazyp başlaýar... Dostoýewskiý bütin ömrüni şeýdip geçirýär.

Dogry, bu hem has gowy ýazmak üçin bir çykalga, özboluşly hile, ýöne ýaramaz, erbet çykalga. Dostoýewskiý bu hilesi arkaly özüniň zada zar däl wagty peýda bolýan ýaltalygyny, işe eliň barmazlygyny ýeňmek isläpdir. Belki-de, ol gerk-gäbe doýmagyň hem ýaltalyga iterip bilýändigine üns beren däldir.

Oýlaptapyjy, ýazyjy, döredijи we işewür adamlaryň aglabasynda şeýle ýagdaýa ýygy-ýygy duş gelip bolýar. Olar, köplenç halatda ýaltalyga, gowşamaga ýykgyn edýärler ýa-da eden işleriniň doly netijesini görýänçäler, hözirini duýýançalar, täze bir işe girişmekden saklanýarlar. Şeýdibem, gursaklarynda gizlenen we sähel maý boldugy daşary çykmaga atygsaýan ylham beriji, ruhlandyryjy güýjüň synmagyna sebäp bolýarlar.

Döredijilik işini şeýle hörpde gurnan ýazyjy-şahyrlaryň bu haly ýykylmaga ýakyn öýi ýadyňa salýar. Olar «Has amatly pursady peýda bolýança» diýip, ajaýyp eseri ýazmagy soňa süýşürýärler. Ýa-da gazanç meselesi «ölmez-ödä» dirände, nämedir bir zat ýazmak, döretmek olara zerurlyk bolup galýar, haýsydyr bir işi tamamlamak, jemlemek uly mätäçlige öwrülýär (has täsin ýeri hem, ýazyp bilýän zehinli adamlar-a özlerini şeýle alyp barýar, emma döredijilikden zehini bolmadyk birnäçeleri bolsa, ondan-mundan maglumat, söz jemläp, jemendäni güýmäp bilýär). Tä bir ýiti zerurlyk ýüze çykmasa, oňa el degirjek, baş galdyrjak gümanlary ýok. Haçanda agyry-iňňildi artyp başlanda, depesindäki üçegiň bir gün üstlerinden gaçjagyny duýup gorkanda, derrew onuň içindäki zatlary we özüni halas etmegiň ugruna çykýar. Bu häsiýet diňe döredijilik adamlarynyň däl, eýsem, ähli adamzada mahsus ýagdaýlaryň biridir. Aglaba adamlaryň durmuş hörpi hut şunuň ýalydyr.

Bu çylşyrymly meseläniň çözgüdi bar. Onuň çykalgasy özümizde gizlin ýatyr. Biziň içimizde hemişe bir güýç oýa durmaly. Ol güýç bizi täze eserleri döretmäge itermeli, eger-de yhlas bilen işlemesek, zähmet çekmesek, döretmesek, ýazmasak, öndürmesek, hemişe ruhy dartgynlykda gezjekdigimizi ýatladyp durmaly. Döredijilik adamlary ýazmasa, täze bir zat döretmese, asla ynjalyk tapyp bilmez.

Hemişe ýadymyzda bolsun, ýaltalyga per bermek, hyýal baldaklaryny ösüntgisiz goýar. Ýaltalyk bedewleri bilen ýaryşa goşulyp bolanok. Hemmeleriň synyny jemlejek häsiýetlere büren: oýa zehin, sagdyn akyl-huş we kynçylyklary ýeňip geçmek duýgusy hemişe ilkinji hatarlarda dursun.

Durmuşymyza ornaşdyrmaly ähmiýetli zatlaryň ýene biri – ynsan wagtal-wagtal özüniň işleýiş we durmuş ýörediş ýol-ýörelgesini üýtgedip, oňa täzeçillik girizip durmaly. Işleýiş hörpüni üýtgedip, çygryny giňeltmeli. Oňa käbir üýtgetmeleri we goşmaçalary, düzedişleri girizip dursaň, edýän işiňden asla irmersiň. Her gezek täze bir işe girişen ýaly ter duýgulara gaplanarsyň. Munuň üstesine, ýaltalyga we rahatlyga aşa meýil etmek ýaly duýgulary basyp ýatyrýan täze-täze usullary, ugurlary hem gözlemelidir.

Üstünlik şükür edeniňe degýän nygmat, ýöne ol bizi täze üstünlikleri gazanmaga höweslendirmeýän, itermeýän bolsa, şol bir durkunda saklanýan bolsa, ol nygmat däl-de, mähnet-beladyr, jezadyr. Hakyky üstünlik bizi öňküden hem has beýik derejelere, has kämilleşmäge iterýändir.

Elbetde, öz üstünliklerimizi toýlamaly. Bu üstünligiň datly tagamyny duýmaly, bagtyýar durmuşdan lezzet alyp, asuda-rahatlykda ýaşamaly. Ýöne bu zatlaryň hiç biri hem öňki depginimizi gowşatmaga – rahatlyga çümmegiň aldaýjy duzagyna düşmäge esas bolmasyn. Eger-de ýeten sepgidimize guwanyp, begenip, şükür edýän wagtymyz, «heniz dynç al, özüňi mazaly dürse, şondan soň işlärsiň» diýýän, öte rahatlyga iterýän pyşyrdylar göwün gulagyňa eşidilip ugrasa, ol pyşyrdylara oňyn jogap bermekden, gulak asmakdan sak-

lan. Ýene-de has uly menzilleri aşmaga gaýratyň bardygyny we öňe ýöremäge borçludygyňy ýadyňa sal.

Dolandyryş işiniň ussatlary şeýle bir hakykaty beýan edýärler: biziň her birimizde uzakmöhletleýin arzuw-maksatlaryň uly bir toplumy bolmaly. Olar öz içinde birnäçe tapgyrlara, böleklere bölünmeli. Tutuş ömrüňi öz içine alýan maksat arzuwlaryň iň ajaýyby, iň beýigidir. Mysal üçin, ýüzýyllyk ömre niýetlenen maksadyňy düz. Onuň içinde ýetmek isleýän beýik derejeleriňi, gazanmak isleýän abraý-mertebeleriňi, maddy zatlaryňy birin-birin ýaz. Soňra maksatlaryň beýikligine, ähmiýetine görä olary ýyllara we tapgyrlara böl. Ýagny belli bir menzile ýetirýän we tapgyr-tapgyr amala aşyrylmaly işleriňi aýdyň kesgitle. Her maksat indiki has beýik maksada ýol açsyn. Şonda bir tapgyrdaky maksadyň hasyl bolanda, indiki tapgyrdaky maksada şol öňki höwes, hyjuw, ylham bilen geçip bilersiň.

Ine, yzygiderli, üznüksiz ylgaw şunuň ýaly bolýar. Bu ýagdaý saňa birjik-de lellim bolmaga, maksadyňdan sowaşmaga, gowşamaga sebäp döretmez.

Bu sözlere çuňňur düşünmegiň üçin men saňa durmuşdan alnan bir kyssany gürrüň bereýin. Şeýle waka biziň daş-töweregimizde örän köp gabat gelýär. Özlerindäki artykmaç agramdan dynmak üçin haýsydyr bir reje ýa-da berhiz boýunça ýaşaýan birnäçe adam bar. Olar bez eden agyr agramdan halas bolanlaryndan soňra, bu ýeten derejelerine, üstünligine juda arkaýynlaşýarlar. Öňki bol-telki günlerine ýa-da gün aýlaýyş ýollaryna dessine dolanyp gelýärler we agramlary öňküsinden hem has artmak bilen bolýar. Sebäbi olaryň öňki maksatlary bitdi, täze maksadam goýmadylar. Agramlaryny azaltmak meselesinde bir çäge ýetenlerinden soňra, rahatlyk kündünde öte arkaýyn gezdiler.

Şuňa meňzeş ýagdaýlara futbolda hem gabat gelip bolýar. Güýçli toparlaryň biri bilen duşuşmak üçin örän çekeleşikli we dartgynly boljak ýaryşa gowy taýýarlyk görýärler. Ahyry hem göz öňünde tutulan netijäni gazanýarlar – utýarlar. Emma şonuň yz ýanyndaky oýunda

özlerinden näçe esse asgyn topardan hem utulýarlar. Sebäbi olar öňlerinde goýan uly maksatlaryna hötde geldiler, ýöne täze maksat goýmadylar, juda arkaýynlyga düşdüler, şeýdibem utuldylar. Şeýle mysallar örän kän, olary sen öz durmuşyňda hem köp görýänsiň. Olaryň ählisi hem şeýle netijä getirýär: nämedir bir zatdan howatyrlanma duýgusy köp halatlarda has gowy işlemäge, tijenmäge iterýär. Sebäp döredýär. Rahat-asudalyga, meý-meslige werziş bolmak, hemişe bu duýgular bilen gezmek bolsa käbir halatda örän zyýanlydyr.

Ýene bir gezek tekrarlaýaryn, eger-de şol müşgilliklerden üstün bolmak isleseň, üznüksiz maksatlary döret, ýasa, hemişe işlemäge iterýän ymtylmalary, ylhamlary tap, has köp gaýrat we işjeňlik sarp etdirjek delilleri gözle.

Ýandepderçäme Fridrih Nisşäniň şeýle sözlerini belläp alypdyryn: «Maňa ynan, durmuşda has uly nygmatlary, has uly miweleri we hasyllary ýygnamak isleseň, hemişe bir alada içinde ýaşa!».

## 39. ÇYKALGA

Pygamber alaýhyssalamyň hadyslarynda agzybirlige ündeýän sözler, manylar örän köp. Şolarda jemgyýetiň has bagtyýar we gönenç içinde ýaşamagy üçin her birimiziň üstümize düşýän borç-wezipe dogrusynda hem ýatlanylýar. Resulallanyň aýtmagyna görä, biziň her birimiz daş-töweregimizde bolýan zatlar bilen gyzyklanmalydyrys. Paýhasly, akylly we dana adamlar bilen el-ele berip, zalymy, akmagy, ýoldan çykany pälinden gaýtarjak güýje eýe bolmak ýaly bir bitewi, sarsmaz güýji – jemgyýeti emele getirmelidigimizi aýdýar. Özüňi ýaramaz esger ýaly alyp barmazlyk ündelýär. Bu esger örän asuda dur we ýatan çöpi galdyrmaýar. Durmuş meselesinde-de irkilip galany oýaryp, herekete getirjek bolmaýar. Daş-töweregindäki düzgün bozmalara, ýalňyş-hatalara biparhlyk bilen nazar salýar. Şeýtmek bilen bu zatlary düzeltmek, göneltmek, bejermek üçin öz üstüne düşýän borjy unudýar. Jemgyýetde öz ornunyň bardygyna ynanmaýar.

Gynansak-da, şeýle ahwalat her birimize diýen ýaly mahsus. Jemgyýetdäki ýa-da adamlaryň arasyndaky bir nähaklyk, özümize dahylly bolmasa ýa-da gönüden-göni özümize galtaşmasa, degmese, gapyny içinden gulplap oňýarys. Hamana, biz ony görmesek, duýmasak, basym sowlar, geçer gider we onuň täsiri bize asla ýetmez diýen ýaly düşünjä uýýarys. Ol howp-hatarlar, gorky-ürküler, ynjylar, ezýet-yzalar bize degmejek ýaly, ýöne... hemişe beýle bolup duranok. Taýagyň ujy ahyry öz depäňde hem gaýmalap başlaýar.

Ýörär ýoluňdan aýrylmadyk ýandak dänesi, nemiň ýetmegi bilen kök urar we şaha ýaýradyp, seniň öňüňi beklär. Bu wagt göz ýumulan ownuk düzgün bozmalar, soňlugy bilen uly günälere batyrynmaga ýol açar. Bir wagtlar birini köýdüren nähaklyk, wagty gelende, diňe bir adamy däl, tutuş jemgyýeti ýakar. Tupan asmandan inende, diňe biriniň gapysynyň öňüne gütüläp düşmeýär ahyry. Kimdir biri güýç birikdirip öňüni almasa, öňünden alajyny gözlemese, äpet tupanlar, gomlar, tüweleýler tutuş jemgyýeti, ili köküinden sogurara getirýär.

Beýik we paýhasly adamlar jemgyýetiň öňündäki borçlaryna magat düşünýärler we näsazlyk ýüze çykan ýerlerini derrew düzeltmek bilen bolýarlar. Näsaz ýerlerini gözläp tapýarlar we derrew alajyny hem edýärler.

Her kim şahsy bähbidini boýnuna tumar, başyna täç edip dakynsa, özünden başgasyny görjegem bolmasa, görmegem islemese, agzybirlik we berklik yraň atyp başlar. Hetdenaşa men-menlik, diňe özüňi bilmeklik döwletlilik sütünleriniň düýbüni berbat edýän ýagdaý ekeni.

Afinynyň akyldarlary bir çykalga tapmak üçin köp wagtlap kelle döwüpdirler. Ýöne adamlary içki oý-pikirleri üçin kazyýete çekip bolmaýandygy düşnükli. Şeýle hem açyk-aýdyň, görnetin bildirip durandygyna garamazdan, ýaramaz niýeti tutaryk edinip, olara höküm çykarmak ýalňyş boljakdy. Uzak gözleglerden we kelle agyrtmalardan soňra, olar täsin bir çykalganyň üstünden barypdyrlar.

Ýurduň raýatlary bir ýere üýşüp, ses bermeli edilipdir. Olar küýze böleginiň ýüzüne 10 ýyllap sürgün edilmäge laýyk gören adamynyň adyny ýazypdyrlar. Eger bir adamyň ady 6000 sany ýazgyda jemlense, onda şol adamy on ýyllap ýurduň daşyna sürgün edipdirler. Şeýdip, ýurt hem, döwlet hem, raýatlar hem ýaramaz gylykly, öz häsiýetine jogapkärçiliksiz çemeleşýän adamlardan saplanyp, rahatlanyp başlapdyrlar.

Täsin ýeri, bu ses berişlik akyly haýran edýän netijelere alyp gelipdir. Şeýdip, taryh afinylylaryň ulumsy, tekepbir, zalym adamlardan dynmagyň medeniýetli we akylly-başly ýoluny tapandygyny öz sahypasyna ýazypdyr.

Taryh ýene bir zada şaýat bolupdyr. Haçanda afinylylar ýola goýlan kada-kanunlary bozup başlanlarynda, ýokarda ýatlanylan jeza-temmiler adamlara täsir etmän başlanynda, ogrular, galtamanlar öz emrlerini arkaýyn ýöredipdirler. Azgynçylyk artypdyr, zulum-sütem köpelipdir... Afiny hem dargapdyr.

Sagdyn garaýyşly, arassa ahlakly jemgyýet düzüw jemgyýetdir. Şeýle jemgyýetde ýaşaýan ynsanlar hemişe hapa-ýaramaz zatlardan saplanmagyň aladasynda gezýär. Ýamanlyk ýa-da şer deňiz köpügi deýin ýokary galyp başladygy, adamlar sesini beýgeldýär. Tä ol ýaramazlygy aradan aýyrýança hem ynjalmaýar.

Bu jemgyýetde ýaşaýan her bir adam düşünýär: haýyr, ýagşylyk hemmä barabar gelýär, şer hem hemmäniň başyna birden inýär. Şonuň üçin her bir adam ilki bilen özüni, soňra töweregini düzetmäge, arassalamaga başlaýar. Köne dertlerden, hapa gylyklardan bir özi saplanyp bilmeýänlere ýardam goluny uzadýar. Egri ýerini düzedýär we ony hem dogry ýola salýar. Onuň aýybyndan aýňalmagyna, säwligini düzetmegine sebäp bolýar. Şeýle oňyn ruh bilen hem tutuş jemgyýet – hemmeler gönençlik tapýar. Ruhubelentlik, joşgunly ýaşaýyş, ylhamly döredijilik hemme ýere ýaýraýar.

Taryh muňa şaýat... taryhy okap görüň.

Başgalaryň aladasyna we derdine göz ýummaklyk ýaramaz adamlaryň häsiýetidir.

## 40. ÝOLBAŞÇYLYK PAJY

Beýik arzuwlary etmek – her kimiň kanuny hukugy, ýöne onuň çykdajylaryny ödemegi unutmaň. Ýolbaşçylyk hemme kişä ýaraýar, ýöne hemmeler onuň hötdesinden gelmeýär, her kim onuň çykdajysyny çekmeýär.

Ýolbaşçylyk jylawy bir pursat eline iläýse, diňe töweregiňe däl, dünýä höküm etmegem müşgil däl ýaly görünýär. Eline erk-ygtyýar berseler, göz ýumup-açasy salymda hemme zady ýerbe-ýer, düpbe-düzüw etjek ýalysyň. Döwletleriň arasyndaky dawa-jenjeli togtatmak, dürli garaýyşdaky adamlary ylalaşdyrmak üçin ummasyz güýç sarp edip ýörmän, azajyk akyl-huş, az-owlak çäre ýeterlik ýaly görünýär... Hawa, oňa ýekeje gezek pursat berseler, bir demde dünýäni düzetjekden.

Biziň ählimiz tankyt etmek meselesinde hiç kime per beremzok, esasanam, bolup geçen wakalary seljermek babatda ussatlyk derejesine çykypdyrys. Hatda köpimiziň şol ugurlardan hiç hili başymyzyň çykmaýandygyna, sowadymyzyň ýokdugyna garamazdan, eger elimize erk ýa-da mümkinçilik berilse, şolaryň eden işiniň gylla ýarysyny ýa-da ýönekeýje bir bölegini edip bilmejekdigimize garamazdan, olary tankytdyr teýeneden mazaly doýurýarys.

Hakyky ýolbaşçylar, serdarlar, il öňüne düşmäge mynasyp adamlar, ýolbaşçylyk wezipesine geçmezinden ozal, şol wezipäniň öňündäki öz ukyp-başarnyklaryny mazaly saldarlap görýärler: bardy-geldi şol wezipe ynanylaýsa, oňa ýeterlik derejede hötde gelip biljekmi, ynamy ödejekmi, özüni doly bagyş edip biljekmi? Şol zatlar bilen öz başarnyklaryny deňeşdirip görýärler: bu wezipe üçin sarp edilmeli wagty, aladany, güýç-kuwwaty, gaýraty ýeterlik derejede ikirjiňlenmän berip biljekmi? – ana, şol zatlar hakda pikir edýärler.

Sahabalaryň biri Hendek söweşi günlerinde açlykdan ýaňa garnyna daş daňyp gezer eken. Käbirleri bolsa pygamberimiziň ýanyna baryp, arz edipdir, zeýrenipdir. Pygamberimiz ýylgyryp: «Özüňize agram salmaň, özüňizi köşeşdiriň» diýipdir we köýnegini serpip görkezende, onuň garnynda iki sany daşyň daňylgy durandygyny görüpdirler.

Sahaba öňküsi ýaly öz ornuna dolanyp barypdyr. Şonda ol ýolbaşçy adamyň öz aladasyndan öňürti köpçüligiň aladasyny edýändigine, öz üstüne düşen wezipäni doly we dogry berjaý edýändigine düşünipdir.

Hakyky ýolbaşçy ilki bilen öz yzyna eýerýänlere berilmelidir, şolaryň aladasyny birjik-de ünsden düşürmeli däldir. Ol özüniň gylyk-häsiýeti, özüni alyp barşy bilen töweregindäkilere nusga bolmalydyr. Olary joşgunly, umytly, ynamly we ruhubelent ýaşamaga höweslendirip durmalydyr.

Merdana adamlar beýiklik mertebesine ýöne ýöräp ýetäýenoklar, olaryň ählisi hem şeýle kynçylyklary, kösençlikleri gerdenlerinde göterip, şol ýoly geçdiler. Aňrybaş mertlik, synmaz erk we mäkäm ruh, oňyn häsiýetler, gowy-düz garaýyşlar, päkize niýet we beýik ahlak, çydamlylyk hemişe göz öňünde boldy. Şol häsiýetler hem gylaw we gaýrat berdi, öňe ilerlemäge ynam döretdi. Olar kyn pursatlary ýeňip geçmegi, şol ýagdaýda nähili karara gelmelidigini öwrendiler. Ýogsam, örän köp adamlar sähel kynçylygyň öňünde müzzerilip, el-aýagyny ýitirýär ahyry.

Dariniň yzyndan kowýan Isgender hakyndaky kyssalaryň birinde şeýle waka beýan edilýär. Isgenderiň goşunlary Şam ýakalarynda Dariniň yzyndan kowup, mazaly surnugypdyr. On bir güne çeken dynuwsyz kowgy esgerleriň halys eňkini agdyrypdyr. Suw ýetmezçiligi peýda bolupdyr. Teşnelik, suwsuzlyk olary heläk etmek hetdine ýeten eken. Örän köp esger serkerdä garşy baş götermek, gelen ýerlerine gitmek barada pikir edip başlapdyr.

Olaryň öz aralarynda Isgenderiň özlerine zabun daraýandygy, suwsuzlyk bilen ölüme iterýändigi hakda hyşy-wyşy gürrüňler edýän pursady, garagörnümden ýanlaryndan geçip barýan bir kerwende nazarlary eglenipdir. Kerwendäkiler bu esgerleriň Isgendere degişlidigini, olaryň arasynda hut Isgenderiň özüniň hem bardygyny, ählisiniň hem suwsuz-mydarsyz heläk bolmak uçudynda gezip ýörendiklerini bilipdirler. Olar suw dadyrmak üçin meşigini Isgendere uzadypdyrlar. Isgender içmek üçin suwly meşigi ýokary göterende, birnäçe teşne boýunlaryň özüne tarap dikanlap seredip durandygyny görüpdir. Olar hem şol suwa gultunyp seredip duran ekenler. Isgender meşikden bir damja hem suw içmändir-de, ony ýanyndaky adama uzadypdyr: «Eger bir özüm suw içsem, goşunyň ruhy kuwwaty synjak» diýipdir.

Esgerler öz serkerdesiniň bu hereketini görüpdirler. Teşnedigine garamazdan, bir damja suw hem owurtlaman, esgerleri içmese, özüniň hem içmän saklanýandygyny gören esgerler, onuň mertligine, çydamlylygyna, gaýduwsyzlygyna haýran galypdyrlar. Esgerleriň hemmesi bu waka barada öz aralarynda pyşyrdaşypdyrlar hem-de ählisi hem birlikde öňe ilerlemäge güýç-gurbat tapan ýaly bolupdyrlar. Ynam we ruh, güýç-kuwwat bilen alawlanan esgerler desbi-dähel atlaryna münüpdirler. «Ýanymyzda şeýle serkerde barka, biz islendik teşneligi we ýadawlygy ýeňip geçmäge, onuň güýç-kuwwatynyň we zabunlygynyň, berkliginiň ýitidigine garamazdan, emr-buýruklaryny ýerine ýetirmäge doly taýýardyrys» diýipdirler.

Ine, ýolbaşçy bolmak isleýän, ýöne ýolbaşçylyk üçin artykmaç güýç, yhlas sarp etmelidir öýtmeýän käbir adamlaryň tölemeýän harjy, salgydy. Serkerdäniň pikiri, hyýaly birjik-de öz esgerlerinden üzňe bolmaly däldir. Olardan öňürti özi kösenmelidir, özi örtenmelidir. Öz etmeli işini olara tabşyrmaly däldir.

Serkerde, ýolbaşçy hemişe öňki hatarda bolmaly, ilkinji zarbany özi urmaly, sözünden owal amaly, hereketi bilen töweregindäkilere has beýik we ynandyryjy ders bermeli.

Ýolbaşçy diýenimde, diňe döwlet ýolbaşçysyny ýa-da goşun serkerdesini göz öňünde tutamok. Köpçüligi yzyna tirkäp, olary beýik maksatlara alyp gidip bilýän islendik adam, partiýanyň baştutany, ylmy-barlag işleriniň ýolbaşçysy, ýa-da öýdäki hojalykçy ata, ýa-da hökümet edarasynda maslahat berýän, dolandyrýan müdir ýa-da sanaýmaly adama ýolbaşçylyk edýän adam bolsun, hatda golastynda az sanly işgär bolaýsyn – hemmesine degişli, hemmesini göz öňünde tutýaryn.

Ine, hakyky ýolbaşçylyk şeýle bolmaly, ol jogapkärçiligiň, özüňi pida edip bilmekligiň, özüňi bagyş edip bilmekligiň sinonimi. Kim ýolbaşçy bolasy gelýän bolsa, onuň şunuň ýaly pajyny töläp biljekmi-bilmejekmi, gowuja oýlansyn.

Uly wezipelere geçmeziňden ozal özüňden sora, dogrudanam, sen şol ýere laýykmy, mynasypmy?

Öýlenmeziňden öň az salym sägin, bir özbaşdak öýi dolandyrmaga, maşgalaň öňündäki wezipeleri bitirmäge gaýratyň, güýjüň, ynamyň ýeterlik barmy?

Her gezek «Şol ýere ýa-da şoňa men mynasyp» diýmeziňden öňürti hemişe pikirlen we özüňden sora, sen hakykatdanam şoňa mynasypmy?!

Mahlasy, il öňüne düşmegi isleýän bolsaň, nebsiň-ruhuň ýolbaşçylyk mertebesine owsun atýan bolsa, onuň çykdajysyny ödemäge ýagdaýyň barlygyny ýa-da ýoklugyny derňe. Ýagdaýyň bar bolsa, başararyn öýtseň, isle, işle we talap et, ýogsamam öz başarnyklaryň çäginde saklan we özüňe gelişýän dony geý!

Hemişe ýadyňda sakla, serkerde öňe alyp gidijidir, ýolbeletdir, ol hemişe öňde bolmalydyr.

## 41. ABRAÝ OWAZY WE ŞÖHRAT ÝYLPYLDYSY

Şöhratparazlygy ömrüň iň ileri maksadyna öwürmek makullanylmaýan häsiýet. Käbir adamlar diňe şöhrat isleýär, tanymal-meşhur

bolasy gelýär. Şöhrat gazanmak üçin ylgaýar, yhlas edýär. Şöhratyň yzynda ýelk ýasaýar. Ol gününi, ömrüni şeýdip geçirer: Şöhrat gazanmak üçin kitap ýazar, göze görünmek üçin köpçüligiň öňünde söz sözlär, kameralary özüne gönükdirmek üçin ýygnanyşyklarda hemişe ortada hem-de üns merkezinde bolmaga çalşar. Ol şeýdip ömür şahadatnamasyna sowukganlylyk bilen goluny goýar we dünýäden öter.

Beýik adamlaryň ýörelgesi beýle bolmaýar. Beýikler köpçüligiň arasynda orta çykýan hem bolsa, dürli düşünjeler, akyllar bilen tanyşmak, pikir alyşmak üçin çykýar. Hakykaty sözlemek, gözelligi gözlemek, haýry we ajaýyplygy ýaýratmak üçin çykýar. Kagyza ýazmak üçin bilini egýän bolsa, ýazmakdan maksady akyllara müşgillik döreden zatlary açyklamak, düşünmesi kyn bolan meseleleri düşündirmek üçin ýazýar. Ol parlaklygy, ýagtylygy gözlemeýär, parlaklyk onuň özüni gözleýär. Parlaklygyň, meşhurlygyň özi oňa aşyk.

Heý-de sen pikir etdiňmi, ýazyjy Mustafa Sadyk ar-Rafygy «Galamyň ylhamy» atly eserini ýazyp otyrka, oý-pikiri, küýi-hyýaly adamlara görünjek bolmak, şöhrat gazanmakdyr öýdýärmiň?! Filosof we pikirmen adam Seýýid Kutb «Kuranyň saýasynda» atly eserini ýazýarka, öz okyjylaryny, muşdaklaryny haýrana goýmak islegi bilen ýazandyr öýdýärsiňizmi? Professor Abdyl al-Mesiri özüniň «Sion ensiklopediýasy» atly uly göwrümli işini ýazan wagty «Adamlar men hakda näme pikir ederlerkä, maňa näme diýerlerkä?» diýen niýet bilen, özüne şeýle sorag berip ýazandyr öýdýärsiňizmi? Asla beýle pikir etmeýärin... bu beýik ynsanlar özlerine ynanylan beýik wezipäni berjaý etmek üçin hereket edýärler. Olaryň iň beýik maksady: adamlaryň eşitmeli sözlerini aýdyp ýetişmek.

Olaryň biri mähelläniň öňünde bir söz sözlär, bu sözler Zeminiň ähli ujuna ýaýylar. Adamlar näme aýdylandygy, näme üçin aýdylandygy, nähili aýdylandygy hakda gürrüňe, söhbede gyzygarlar, bu sözleriň aňyrsynda nähili manylaryň, maksatlaryň ýatandygyny

çöşlemäge synanyşarlar. Şeýdip, olaryň at-abraýy ýüreklerde, aňlarda orun alar.

Şonuň üçin hem olar hemişe biziň aňlarymyzda, hatyralarymyzda, akyllarymyzda mesgen tutýar. Hatda biziň dünýägaraýşymyz olaryň pikiri bilen gabat gelmeýän hem bolsa, biri-birine çapraz düşýänem bolsa, olaryň käbir pikirlerine bütinleý garşy çyksagam, biz islesek-de, inkär etsek-de, dünýäden ötendiklerine garamazdan, olar özleriniň beýik pikirleri, ideýalary arkaly biz bilen bile ýaşaýarlar.

Şöhrata höwesek bilen abraýa mynasyp adamyň arasynda nähili parh bar? Şöhrata höwesegiň ýanynda hemişe şöhratyň gyzgynlygyny ölçeýän termometr bar. Ol şol termometr arkaly adamlaryň özi hakda edýän gürrüňlerini, öz şanyna aýdýan sözlerini ölçeýär. Abraýa mynasyp adamy bolsa özge adamlaryň, il-günüň öwgüsi hem, tankydy garaýyşlary hem gyzyklandyrmaýar. Ol özüni, özüniň etjek işini anyk bilýär, öz bilýän hakykatynyň ýanynda berk durýar. Adamlaryň sowatsyzlygy, düşünjesizligi ondan üstün çykmaýar, çünki ol hakykata, öz etmeli we etjek işlerine gowy düşünýär.

Ol öz amalyna berlen, hünärini, edýän işini söýýär, yhlas bilen ýapyşýar, hut şonuň üçinem üstünlik we mertebe-dereje hemişe oňa ýakyn durýar.

Gaýta-gaýta ýanjaýan bir sözüm bar: şöhratyň elinden aman sypan ýokdur. Filosoflaryň biriniň aýtmagyna görä, şöhrat balary ýalydyr. Ol bize arassa, süýji tagamly bal berýär, şol bir wagtda onuň agyryly neşteri hem bar. Muňa garamazdan, has üns bermeli ýeri, onuň iki ganaty hem bar. Saňa gonan wagty sen bal kölünde gulaçlap, şöhrat deňzinde guwwas deýin ýüzýärsiň. Seniň adyň şol wagt ýyldyzlaryň arasynda, belki şondanam beýiklerde gezip ýör. Muňa garamazdan, birdenkä onuň uçup gitmegi we seni unudylmalar taryhyna ýazmagy mümkin.

Gizlin zat däl – şanymyza el çarpylmagy hemmämize ýaraýar. Bu ynsan tebigatynda bar bolan, özüne çekiji häsiýetleriň biri. Ol özlügimizi, barlygymyzy berkitmek üçin tebigy teşneligi gandyrma-

ga kömek edýär. Ýöne aýtmak isleýän zadym, sen ähli ünsüňi edýän amalyňa gönükdir, şonda iru-giç olaryň özi alnyňa, şanyňa, ýanyňa geler. Sen özüňe ynanylan wezipäni ýa-da ýüregiňi berip, başyna baran işiňi has kämil berjaý etmäge çalyş. Işiňi kämil ýerine ýetir. Wyždanyňdan we ruhuňdan öz işiňe yhlas guý. Birjik-de säginme, irme, bizar bolma, hatda maksadyňy, arzuwyňy birbada hasyl edip bilmeýän hem bolsaň, umytdan düşme.

Nemes filosofy Şopengaueri hemmämiz bilýäris. Bu şahs bütin ömrüni gat-gat kitaplaryň arasynda geçirdi, gözledi, tapdy, okady, ýazdy. Sapak berdi, adamlary okatdy, leksiýa berdi. Täsin ýeri, ömründe ony hiç kim tanamady diýen ýaly, üýtgeşik şöhrata, abraýa çümmedi. Abraýdyr hormatyň, sylagdyr sarpanyň özi oňa akdy durdy. Hemmeler Şopengauer hakda gürrüň etdi. Hemmeler Şopengaueri okady. Gazetler diňe şol hakda ýazdy. Tankytçylar onuň pikirlerini we işlerini, ylmyny öwüp, tarypladylar.

Şonda ol çuňňur manyly bir söz aýtdy: «Bütin ömrümi ýeke-ýalňyzlykda, unudylyp ýaşadym, bu gün bolsa birdenkä adamlar depli-surnaýly topar tutup, meni – soňky ýoluma şowhun-dabara bilen ugratmak üçin geldiler».

Eger-de bu adam ömründe şöhrat gazanmak bilen gyzyklanan bolsa, ol ýazýan, okaýan, düzýän mahaly, dürli pikirleri we netijeleri çykarýan wagty, öz asyl işlerine üns bermän, hemmeleriň özi hakda gürlemegine garaşardy.

Dünýä belli suratkeş Wan Gog bütin ömrüni ýeter-ýetmezlikde, pakyr-pukaralykda geçirdi, hiç kim onuň bardygyny hem duýmady. Haýran galdyrýan ýeri, hatda ölüm pillesinde ýatyrka ol süýtdeş doganyna nebsi agyryp: «Sen surat çekmek üçin maňa satyn alyp beren esbaplaryň bahasyny, puluny bir üzeweri» diýip haýyş edipdir.

Ony dogany ekläpdir. Surat çekmek üçin gerek bolan zatlary, esbaplary dogany satyn alyp berýän ekeni. Onuň çeken suratlaryny bazara çykaryp satar ekeni, emma ölmez-ödi iýip-içgä ýeterlik bahadan ýokary satmaz eken.

Wan Gog näme üçin işlemekden, täze zatlary döretmekden saklanmady? Oňa şöhrat gerek dälmidi? Ol şöhrat gazanmak üçin göreşmedimi? Sebäbi ol şan-şöhraty esasy maksadyna öwürmedi, onuň esasy maksady ajaýyp suratlary çekip, sungaty ýüreklere ornaşdyrmakdy.

Aýtmak isleýän zadyma düşünensiňiz diýip umyt edýärin. Şöhrat düýbi-teýkary bilen erbet zat däl, ýöne şöhratyň bir özi esasy maksada öwrülse, ine, bu ýaman ýagdaýdyr. Ine, şonda şöhrat şere öwrüler durar.

Hiç wagt eden işiň üçin dessine alkyş aýtmasalar ýa-da gadyryny, gymmatyny duýmasalar, bu häsiýet seniň işden sowaşmagyňa, öndürijiligi gowşatmagyňa, täze zatlary döretmegiňe päsgel bermesin.

Munuň çözgüdi – edýän her bir işiňe söýgi bilen çemeleş, söýgi bilen giriş. Döredijilik kuwwatyňa, pikiriňe, sungatyňa, ýerine ýetirişiňe ynan.

Bir zat welin anyk, Allatagala öz işini kämil we doly ýerine ýetirenleriň yhlasyny, zähmetini birjik-de köýdürýän däldir.

Meşhur arap ýazyjysy Muhammet Afifiniň şeýle sözleri bar: «Şöhratyň gözýetimleri gurşap, dünýäni dolduran hem bolsa, şol dünýäniň içinde sen hakda asla eşitmedikler, seni düýbünden tanamaýan adamlar hemişe bolup biler».

## 42. GARYPLYKDAN GAÇ

«Garyplyk, ýoksullyk» diýenimde maddy taýdan ýeter-ýetmezligi, mätäçligi göz öňünde tutamok, ol zatlardan gaça durmaklyk, ol zatlara kowalaşmazlyk nesihat ýa ündew etmezden hem düşnükli, aýdyň zat. Men medeni, aň-düşünje, sowat-bilim taýdan garyplygy göz öňünde tutýaryn.

Bu babatda az zat bilen kanagat etjek bolma, maglumat goruňy baýlaşdyrmak islegine we zähmetine asla ýaltalyk etme. Küti-küti kitaplaryň, žurnallaryň, gazetleriň, internet sahypalarynyň içine siň, guwwas deýin çüm, dür tapman hem yzyňa dolanma. Seniň maglumat

goruňy, ylym-bilimiňi baýlaşdyrjak zatlara yhlas bilen çemeleş. Şonuň bilen birlikde öz ummasyz pikirleriňi, düşünjeleriňi, ylhamlaryňy hem belläp al.

Käbir adamlar özünde bar bolan mümkinçiligi artdyrmak, ukyp-başarnygy kämilleşdirmek üçin baş galdyranoklar. Olar hemişe dar çygyrda ýaşap, şol bir duýgy bilen gezip ýören ýaly görünýär. Olaryň pikir-düşünjesi, gyzykly pikir alyşmalar üçin gerek bolan gözýetimleri giňelmeýär. Megerem, pikir gurluşlary, pikir binalary başga hili hereket etmäge mümkinçilik bermeýän bolarly.

Ýogsamam, bar küýi-pikiri seýilgählerde, barlarda, kafelerde, internet saýtlaryndaky gürrüňlerden ybarat bolsa, olar neneň ýaşap ýören döwri we dünýäsi bilen deň, aýakdaş ýöresinler, beýlekiler bilen neneň medeniýetli, salyhatly söhbet etsinler? Ýekeje gün hem olaryň elinde kitap görmersiň, ýa-da bir gün nähilidir bir zat hakda çynlakaý oýlanyp, pikir edip durandygyna gözüň kaklyşmaz.

Şeýle adamlar bilen söhbetdeş bolanymda, olar köplenç maňa synaga giren we ýylandan başga hiç zat hakda bilmeýän talybyň gününi ýadyma salýar. Ol talypda ýylanlar hakda baý maglumat gory toplanypdyr, ýöne durmuş meselesi diňe ýylanlaryň kesgitlemesi bilen çözülmeýär.

Synagda oňa piller hakyndaky sorag düşüpdir. Mugallym pili ilik-düwme, gowy edip suratlandyrmagy haýyş edipdir. Talyp uzak wagtlap pikire çümüpdir, beýnisine agram salyp pikir edipdir, ahyry şeýle jogap beripdir: «Pil örän äpet haýwan, onuň uzyn holtumy bar. Piliň bu holtumy uly ýylanlary ýadyňa salýar. Ýylan bu...». Soňra ol ýylanlar hakda bilýän bar zadyny jikme-jik gürrüň beripdir.

Ine, şu talyp aň-düşünje misginlerine meňzeýär. Olar nämedir bir zat hakda bir habar ýa maglumat eşidýärler, oňýarlar. Şol maglumat hakda pikirlenjek, oýlanjak, ol hakda täze zatlary biljek, öwrenjek bolanok. Täze maglumatlary we pikirleri gözlänok, şeýdibem düşünjesi dar çygyrda galyberýär. Şeýle adamlar bilen söhbetdeş bolanyňda hem kyn güne galýaň. Käteler özüň şolaryň derejesine çenli peseläýmeseň,

olar bilen düşünişip ýa-da düşündirip biljek gümanyň ýok. Olaryň düşünje meýdany şeýle bir dar welin, hatda ol ýere täze maglumat sygjaga hem meňzänok. Ilki bilen düşünje örüsini, meýdanyny giňeltmeli. Olar tankydy dagyn asla kabul edenoklar. Özüne aýdylýan bellikleri hem bilgeşleýin edilýän hüjümlere deňeýärler. Gaýta, özgeleri düşünjesizlikde, durmuşdan yzagalaklykda aýyplaýarlar. Kellesini gyzdyryp, sesine bat berip, gürleýärler welin, hamana ähli zatda hakly bir özi ýaly. Durmuşy goh bilen gazanjak bolýarlar.

Emma sen bu duzaga, çirtmege özüňi aldyrma! Ylym-bilimiňi, aň-düşünjäňi, medeni derejäňi artdyrmak bilen sen bu duzakdan halas bolup bilersiň.

Okaýan wagtyň, sen akylyňdan bir sahypa ýokary galýarsyň, ol ýerdäki durmuş tejribeleriniň, pikirleriň, çaklamalaryň, teklipleriň üstüni açýarsyň. Bu bolsa seni adaty adamlardan ýokary göterýär.

Beýikleriň we alymlaryň öňünde oturmagyň seniň ömrüňe ýene bir ömür goşýar. Ukyp-başarnygyň we güýç-kuwwatyň artmagyna getirýär.

Adamzadyň hal-ýagdaýy, ýaşaýşy, durmuşy hakda pikir edýärkäň, takdyr we ýazgyt meselesine düşünmek isleýärkäň, Allatagalanyň ryzk we ondan mahrum bolmak, beýige göterilmek we pese düşmek dogrusyndaky hikmetleri hakda kelle döwýärkäň, bir zada haýran galýarsyň: durmuş hakdaky düşünjeleriň depesine çykmak üçin barmak ujunyň hakykatyň zerre bölejiklerine sähel galtaşmagy hem ýeterlik.

Aýtmaklaryna görä, düşünjeli adam hemme zat hakdaky bir zady we bir zat hakdaky hemme zady bilýär diýilýär. Ine, sagdyn düşünjeli, pikirli adamlaryň bir häsiýeti, alamaty şeýledir.

Seniň etmeli işiň, saňa berjek maslahatym: hemme zat hakda oka, hemme zat barada özüňe ýeterlik düşünjäň, sowadyň bolsun, ýöne haýsy hem bolsa bir ugry has çuňňur öwren.

Ylmy gözlegleriň, okaýan, öwrenýän zatlaryň ýüzde 50 göterimini öz ugruňa, hünäriňe degişli bolsun. Galan elli göterimini

beýleki ugurlara bagyş et. Gazet sahypalaryny gözden geçireniňde, ilki bilen ol ýerden öz ugruňa degişli, soňra hökmany ýagdaýda medeni, aň-paýhas, sport, ylym we sungat, syýasat hakdaky ýazgylary oka.

Ilki göräýmäge ýönekeý ýa-da juda ähmiýetli, gyzykly görnendigine garamazdan, seniň okan, öwrenen, gözden geçiren her bir maglumatyň nähilidir bir usul bilen, haçandyr birwagt saňa hökman haýry deger. Okalan zatlaryň miwesini ýolmaly, hasylyny çöplemeli wagty hem hökman geler.

Ýene bir zada aýratyn üns bermegiňi towakga edýärin: Okaýan her bir zadyňy maksatly oka! Nämedir bir zady öwrenmek, öwrenen zadyňy özleşdirmek, durmuşa ornaşdyrmak, gowy zatlary özgelere-de öwretmek niýeti bilen oka. Has köp we çuňňur okamasaň, aň-düşünjäň artýan däldir.

Adamlaryň iki görnüşi: az we dar düşünjeli adamlar ýa-da köp okaýan, ýöne pytraňňy düşünjeli adamlar özleri üçin hem, öz halky, milleti üçin hem at-abraý getirip bilmezler. Taryh ýazmak üçin, taryha ýazylmak üçin düşünjäň giň bolmagy zerur.

Mahlasy, hemme zatlar hakda umumy düşünjäň bolsun, ýöne haýsy hem bolsa bir ugurda kämilleş, haýsy hem bolsa bir hünärde ýöriteleş.

## 43. HOWSALA ALHIMIÝASY

Ruhy sarsgynlyk we dartgynlylyk wagtynda adam ap-aňsatja hile-mekirligiň, nadanlygyň, gözboýagçylygyň pidasy bolýar. Hatda döwletler we jemgyýetler hem başynda şowsuzlyk gögerçinleri gaýmalaşyp ýörkä, hususan-da uly abraýdan we şöhratdan soňra, ters pikirleriň, ýalan düşünjeleriň bol hasyl berjek topragyna öwrülýärler. Olar pirim-duzaklaryň halkasyna, täsirine tiz düşýärler. Şonda olar öz harytlaryny güjeňleýän we geçirmek isleýän mekir-mekgarlaryň süýji we suwjuk sözleriniň nädip gurbany bolandyklaryny bilmän galýarlar.

Taryhy kitaplarda ýazylmagyna görä, Wenesiýa şäheri orta asyrlarda Ýewropanyň iň meşhur we abadan şäherleriniň biri bolupdyr. Sebäbi bu ýerde gündogar şäherleri bilen jebis söwda baglanyşygy ýola goýlupdyr. Hökümet adyl we arassa, halal işläpdir. Bu ýagdaýlar bu şäheri diňe bir baý, abadan däl, eýsem, erkinlikden, adyllykdan lezzet alyp, hözirini görüp ýaşap bolýan ajaýyp künjege öwrüpdir.

Wenesiýanyň ilaty bu hözirli, gönençli durmuş hemişe dowam eder öýdüp pikir edipdir. Asman şalygy ony beýleki şäherleriň arasyndan saýlap alan ýaly eken. Bu şäheriň bol rysgy, genji-hazynasy, berekedi agdyk we artyk bolupdyr. Ýöne takdyr olaryň oslamaýan zadyny taýýarlap, gizläp goýan ekeni. Söwda-satyk agalygy ilki ispanlaryň we portugallaryň, soňra gollandlaryň we iňlisleriň eline geçýär. Güýç-kuwwat açarlary kem-kemden wenesiýalylaryň elinden gaçyşyp başlapdyr. Bu şäher dura-bara ykdysady agalygyny ýitiripdir. Birwagt beýik güýje öwrülen şäher ähli güýjüni ýitireninden soňra, türkler ony wenesiýalylaryň elinden gaňryp, basyp alypdyr. Bu waka on bäşinji asyryň aýaklarynda bolup geçýär.

Şonda baý maşgalalar tozup galýar. Hiç kimiň kellesine gelmedik garyplyk bulutlary olaryň ählisiniň başyny gaplaýar. Hemmeler geçen hoşwagt günlere gyýylyp, gynanyp, ahmyr bilen ýatlaşyp, öten günlere nazar salyp gezipdirler. Olaryň lapykeçligi, göwnüçökgünligi aňryçäk derejelere ýetipdir.

1589-njy ýylda adamlaryň gulagyna Marko Bragadino atly bir jadygöýiň habary gelýär. Bu adam akyl ýetmez ençeme işleriň hötdesinden gelip, adaty metaly altyna öwürmegiň ussady ekeni. Soňra şol altynlary hem esse-esse köpeldip bilýän eken. Bu habar şäherlileriň gulagyna ýarapdyr. Şäheriň birmahalky tüçjar baýlary onuň ýanyna eňipdir. Öz illerine göçüp barmagyny, şäherleriniň öňki abraýyny dikeltmegini haýyş edipdirler. Gaýta-gaýta, ençeme ýola gymmatbaha sowgat-serpaýlary ugradypdyrlar. Bu jadygöý hilegär hem öz bähbidiniň ugrunda müň dürli hereket edipdir. Ahyry

şäherliler halys ýalbaryp duransoň, şol ýylyň aýaklarynda Wenesiýa şäherine göçüp barypdyr. Onuň ýanynda iki sany äpet iti hem bar ekeni. Hemmeler ony gorky-howsala bilen gallap alypdyr. Sebäbi ol daşyndan seredeniňde hem howuňy basýan keşbe eýe ekeni. Ýiti nazarlary içiňden parran geçse, biri-birine bitişik gür gaşlary hem bu ýagdaýy has artdyrypdyr.

Şäheriň häkimi oňa gowy garaşyk edipdir. Iň gymmatbaha köşkde ýaşadypdyr. Gaýgy-aladasy, ünjüsi bolmandyr, göwün isleýän her bir zady gaşynda häzir bolar eken. Şäher ilaty hem özleriniň ähli gymmatbaha, nepis zatlaryny muňa getirip beripdir. Ony günde-günaşa nahar-zyýapata çagyrypdyrlar. Olaryň bar isleg-arzuwlary Wenesiýa şäherini öňki abraýyna, öňki şöhratyna dolasa, gaýtaryp getirse bolany.

Emma Bragadino altyn ýasap, Wenesiýanyň harap halyny dikeltmegiň deregine, özüniň keýpi-sapaly döwranyny sürüpdir. Muňa garamazdan, onuň şan-şöhraty barha artyp gidipdir. Ýewropanyň çar künjünden iberilýän sowgat-serpaýlar, onuň ukybyna, başarnygyna aşyk zyýaratçylar, okuwyny dowam etdirmäge höwesli şägirtler yzy üzülmän gelip durupdyr. Emma uzak wagt geçse-de, şäheriň ykdysady ýagdaýy dikelmändir. Adamlar ýuwaş-ýuwaşdan nägilelik bildirip başlapdyrlar, häkim bolsa: «Ýene biraz sabyr edeliň, göwnüne degmäliň, birdenkä, bar azabymyz puç bolaýmasyn» diýip, olary köşeşdiripdir. Bragadino hem adamlary aldamagyny dowam edipdir: «Şäheriň gaznasynda meniň jadyly daşym dur, onuň syryny size soň açaryn. Şol daş hem adaty metaly altyna öwürýär. Ýöne hiliniň gowy bolmagy üçin köp wagt alýar. Tagapyl ediň, ynha, ýakyn wagtda bal kölüne batarsyňyz» diýipdir. Ýene köp wagt geçipdir, emma netije özgermändir. Bragadino ýene ýedi ýyl garaşmaklaryny haýyş edipdir, emma şäher ilatynyň agramly bölegi mundan soňra çydam edip bilmejekdiklerini, dessine netijesini görmek isleýändiklerini aýdyp, galmagal turzupdyr.

Iň bolmanda göwün gandyrar ýaly ýönekeýje bir delili tutaryk etmegini, görkezmegini talap edipdirler.

Bragadino hem özüne ynamyň gowşandygyny bilipdir we ele düşmänkä bu jelegaýlardan göterilmegiň wajypdygyna göz ýetiripdir. Ol ähli ukybyny, yhlasyny halka bagyş etse-de, gadyryny bilmändikleri üçin gaharlanyp, şäher ilatyndan gaty görüpdir. Wenesiýalylardan öýkeländigini ýaňzydypdyr. Bir günem göteribilen ähli baýlygyny, mülküni alyp, bu şäheri terk edipdir. Bawariýanyň häkiminiň çakylygy esasynda Mýunhen şäherine baryp, öz sapaly döwranynyň eşretini görüp başlapdyr. Wenesiýanyň ilaty bolsa öňküsinden hem gözgyny hala düşüpdir.

Üstünlik we at-abraý gazanjak bolup, hakyky, düz ýoldan çetleşsek; bizi ellerinde oýnaýan hilegär-mekirleriň huzuryna baryp özümize dalda gözlesek; at-abraýa, üstünlige samsyk ýollar, gabahat usullar bilen eýe bolmak islesek; üstesine-de ýaltalyga per berip, rahatlyga nebsimizi aldyrsak, nähili bolýandygyny gördüňizmi? Wenesiýanyň ilaty özleriniň şeýle hala düşmekleriniň düýp sebäplerini öwrenmegiň, bilmegiň deregine, demi bilen demre üfleýän we ony altyna öwürýän hokgabazyň hilesine daýananlaryny eý gördüler. Olar öz göwünlerine osdular, altyn-kümüşler, dirhem-dinarlar öz-özünden köpelip, artyp gitmelidi, on, ýüz, müň, million sany bolmalydy...

Biziň aramyzda Bragadino ýalylaryň müňlerçesi bar: degişýärler, gülüşýärler, hilelije süýjüje sözlerini aýdyp, özlerine gerek baýlyklary, bähbitleri çöpleýärler. Biz bar zatdan gapyl gezýäris, olar bolsa amallarynyň hasylyny ýygnaýarlar.

Biziň daş-töweregimizde täsin-täsin zatlary döredýändikleri bilen ýüreklerimize gorky, dowul, howsala salýan, bizi bir demde ähli aladalardan, gaýgy-gamlardan, bela-külpetlerden saplamaga söz berýän mekir adamlaryň ençemesi bar. Kümüş çaýylan tabakda üsti ýaglyk bilen örtülen üstünligi aňsat alyp bolýandygyny öwredýän näçe adamlar bar.

Diňe käteler we onda-da käbir adamlar özi hakda ýaramaz pikir edýär. Diňe az sanly adamlar ähli müşgillikleriň düýp sebäbini özüni alyp barşyndan, pikirlerinden we kanagatyndan gözleýär. Şowsuzlygy we zeýrenji kimdir biriniň ýa-da haýsydyr bir ýagdaýyň üstüne atmak ýaly, töhmet barmagyny kimdir birine uzatmak dogry görülýär. Hiç wagt ýalňyşlyklary özümizden gözlämzok, biz hemişe arassa, päk, ak ýürekli, akylly, düşünjeli adamlarmyşyk...

Eger-de Bragadino sandyk doly kagyzlary, kitaplary göterip, Wenesiýanyň ilatynyň ýanyna baryp: «Mende sizi ykdysady çökgünlikden çykarjak dürli ylmy usullar bar, ýöne bu wagt alar» diýen bolsa, hiç kim oňa gulak asmazdy. Sebäbi adamlar has ýeňil, aňsat we tiz ýetilýän zada ýykgyn edenlerini gowy görýärler.

Üznüksiz pikir edip, ýöne oňa amal etmeseň, mesele çözülenok. Ýa-da garabaşagaý bolup, hysyrdyly işläp, hiç hili oýlanyşykly pikir etmezlik hem meseläniň dogry çözgüdi bolup bilmez.

Bu ýerde ýekeje deňleme, ýekeje mesele bar. Eger-de Wenesiýanyň birmahalky abraýyny, şöhratyny gaýdyp getirmek isleseler, şäher ilatynyň, şäheriň häzirki ogullarynyň edil ata-babalary ýaly pikirlenmegi, şolar ýaly işlemekleri gerek. Ata-babalary bu şäheri nädip ösdüren bolsalar, nähili ýol, ugur, çäre tapan bolsalar, nesilleriň hem şeýle etmekleri gerek. Kimdir biri akyl-zehinini tijemese, başyna barmasa, işe girişmese, hiç zat öz-özünden ugrugyp gitmeýär ahyry.

Şahsyýeti kämilleşdirýän, ukyp-başarnyklaryny ösdürýän kitaplarym bilen köpçüligiň arasynda leksiýa berenimde, hemişe ýaşlar bilen söhbetdeşlikde ýüzbe-ýüz bolýan bir sowalym bar: olaryň ählisi diýen ýaly üstünligi ýeňil we çalt gazanmagyň ýollaryny, syrlaryny soraýarlar. Munuň üçin okamak, öwrenmek, hünär edinmek, özüňden ýokary bökmek we ş.m. zatlar gerek. Bu zatlar hakda asla diňläsleri gelenok, olara üstünligiň ýeňil we ýakyn ýoly gerek.

Olar üznüksiz türgenleşikler, gündizine işläp, gijesine okamak, dowamly we düşünip okamak hakdaky gürrüňleri diňlemäge çydanoklar. Olara «üstünligiň jadyly taýajygy», «on sany usuly», «ýedi sany açary», «bagta eltýän bäş ädim», «üstünligiň üç syry» ýaly aňsat we ýeňil zatlar gerek. Bir şerti bilen, bularyň hiç birinde «sabyr etmeli, çydamaly, gaýrat etmeli, döz gelmeli, täzeden, gaýtadan synanyşmaly, umytdan düşme» diýen ýaly sözlerem bolmasa gowumyş.

Olary artykmaç der dökmäge çagyryp, üstünligiň başga-başga ýollaryny, usullaryny tapmaga höweslendirmegimi, durmuş tejribelerini peýdalanmagy, gözýetimi giňeltmegi, şol hakda ugrukdyrmagymy islänoklar.

Olar meniň Bragadino ýaly bolmagymy isleýärler.

Men olaryň eşitmek, diňlemek isleýän zatlary hakda gürrüň bermeli, şonda olaryň güýji, ynamy, ukyby oýanýarmyş.

## 44. HAKYKY ÜSTÜNLIK

Ynsanyň ömür taryhynyň ilkinji kerpiçlerini takdyr-ýazgyt goýýar. Bu binanyň boýuny ýetirmek özüňe bagly.

Muhammediň bar islegi basketbolçy bolmakdy, emma dzýudo ugrundan ussat türgenleriň biri onda üýtgeşik ukybyň, başarnygyň bardygyny görýär we ony türgenleşdirýän toparyna goşulmaga çagyrýar.

Muhammediň isleg-arzuwynyň beýikdigine garamazdan, bu gürrüňleriň ilkinji kysmyny nesibe hakdaky sözler doldurýar. Dzýudo bilen meşgullanýanlaryň hataryna çagyrylan Muhammet ýaponiýaly ussat türgen Ýama Motonyň elinde türgenleşýär. Öz deň-duşlarynyň arasynda mese-mälim öňe saýlanan Muhammet dünýä ýaryşlaryna gatnaşyp başlaýar.

Dünýä ýaryşlaryna gatnaşan ilkinji söweşlerinde ol şowsuzlyga uçraýar. Esasy sebäpleriň biri hem heniz beýle ýaryşlarda tejribesi ýokdy we şonuň üçin hem howy basylýardy.

Dürli ýurtlardan gelen kameralaryň, habarçylaryň öňünde aljyraman durmak hem ýeňil-ýelpaý iş däl. Ilkinji ädimleri şowsuz bolandygyna garamazdan, ol kem-kemden özüni tutýar we dünýä derejesindäki ýaryşlarda altyn, kümüş, bürünç medallaryň ençemesini gazanýar.

Bosagada Los-Anjelesdäki olimpiada. Muhammet muňa taýýarlanyp başlaýar. Ol biregne üç aýlap taýýarlyk görýär. Bu olimpiýa oýunlary hem oňa ýeňiji bolmak üçin pursatdy.

Olimpiada başlaýar. Ýaryşlar gyzyşýar. Bäsdeşleriniň hemmesinden rüstem gelen Muhammet indi jemleýji ýaryşa çykypdy. Ol finalda ýaponiýaly Ýama Şito bilen çykmalydy. Bütin müsür halky öz gerçekleriniň ýene bir altyn medal gazanjakdygyna ynam edip, uka batypdy.

Emma duýdansyz habar hemmeleri geňirgendirdi. Gazetlerde gynançly waka beýan edilýärdi. Uly umyt bildirilen Muhammet olimpiadanyň çempiony däl-de, ýöne bir ýeňijisi bolupdy. Hemmeler bu waka geň galdy...

Ýöne geliň, şu kyssanyň asyl manysyna seredeliň.

Jemleýji duşuşykda Muhammet ýaponiýaly ussat Ýama Şito bilen çykmalydy. Ýaryşyň başynda Muhammet ähli ünsüni göreşe jemläpdi. Ýaryşyň ilki başynda ýaponiýaly türgen aýagyny gowy agyrdýar, Muhammet şol aýaga sähel kaksa ýa-da ebşitläp tutsa, ony dessine alyp ýatjak – ýeňiş onuň nesibesine öwrüljek.

Emma Muhammet agyryly aýaga ýekeje urgy hem etmeýär. Onuň urgulary hem, özüni alyp barşy hem ýeňşe bolan islegini ýitiren ýaly ekeni.

Tälimçisi Muhammediň ýanyna baryp, bäsdeşiniň agyryly aýagyna kakmagy buýurýar. Emma Muhammet ýylgyrýar we oňa: «Dinim, ynanjym maňa beýle etmäge rugsat bermeýär» diýýär.

Muhammet Ruşwan öz isleg-eradasy bilen ýaponiýaly türgeniň öňünde ýykylýar. Bütin älem, dünýä muňa haýran galýar.

Muhammet ýylgyryp ýykyldy. Ol bäsdeşini altyn medal bilen gutlady we özüniň kümüş medalyny ýokary göterip, hiç wagt unutmadyk çagalyk ýylgyryşyny gaýtalady.

Şol pursatda Muhammet dünýä ýüzüne täsin we nusga alarlyk sapak berdi: durmuş, dirilik, sagdynlyk sport ýaryşlaryndaky ýeňişden has ähmiýetlidir.

Eger-de öz göreşini halal ýol, mertlik bilen gazanmajak bolsa, onuň sporta bolan arzuwynyň, ýyllar boýy geçiren türgenleşikleriniň, altyn medaly gazanmaga dörän ajaýyp pursatlarynyň hiç hili manysy boljak däldi.

Birwagtlar oňa: «Taryh diňe gahrymanlary we altyn medal alanlary ýadynda saklaýar, galan zady unudýar» diýip aýdypdylar. Emma ol bu eden işine birjik-de ökünmedi. Aslynda, mertebäňi belent saklamagyň we halal hereket etmegiň özi hakyky taryhdyr. Bu taryh bilen her wagtam buýsanyp, arkaýyn gürläp bolar.

Oňa: «Bäsdeşiň agyryly aýagyna kakyp, ony ýeňen bolsaňam, hiç kim saňa şeýtdiň diýmezdi. Garşydaşyň ejiz ýerini tapyp, peýdalanmak hem pursat ahyry, hemmelerem şeýdýär» diýenlerinde, ol diňe ýylgyrmak bilen jogap beripdi we hoşlaşypdy. Ol şeýtmek bilen olara şeýle diýmek isleýärdi: «Beýik adamlar özlerini örän berk tankyt ederler, özlerine käýinerler, özlerinden görerler. Olaryň özgeleriň melamatyna hiç hili mätäçligi ýok».

Bu dünýä derejesindäki uly we geň wakady... Oňa berlen jogap hem edil şol wakanyň özi ýaly täsirli boldy. ÝUNESKO Muhammet Ruşwanyň bu hereketlerini nazara alyp, ony 1985-nji ýylyň iň halal, arassa oýunçysy diýip yglan etdi. Ol «Iň oňat türgen» atly sylaga eýe boldy. Olimpiýa oýunlarynda iň adalatly oýunçy adyny gazandy. Müsüriň döwlet ýolbaşçysy ony uly hormat-sylag bilen kabul etdi. Oňa beýik ordenleri, medallary dakdy. Türgene mahsus beýik häsiýeti üçin taryplady. Ýaponiýanyň halky bu türgeni öz ýurtlarynda görmegi arzuw edip, ýörite çakylyk ýollady. Muhammet Ruşwan çakylyga seslendi we Ýaponiýa gitdi. Ol özüni bu ýerde sanaýmaly-

ja sport wekilleriniň garşylamagyna garaşýardy, emma baranynda garaşylmadyk waka bilen ýüzbe-ýüz boldy. Muhammedi garşy almaga çykan adamlar köçeleri, ýollary dolduryp durdy. Olaryň arasynda syýasatçylar, habar beriş serişdeleriniň wekilleri, türgenler we dürli kärdäki, wezipedäki adamlar bardy.

Şeýle-de ol 1984-nji ýylda hem iň oňat, halal häsiýetli türgen diýen baýraga eýe boldy.

Her gezek Muhammet Ruşwandan: «Aňsat ýeňiş gazanyp boljak mümkinçilikden ýüz öwürmek nämä gerekdi?» diýlip soralanda, ol: «Sebäbi dinim, ynanç-ygtykadym, durmuş ýörelgäm, pikirlerim beýle etmäge rugsat berenok» diýip jogap berýärdi.

Bu sözleriň jadyly täsiri boldy. Müňlerçe ýaponiýaly bu sözleriň üsti bilen «Şeýle halal hereketlere iterýän bu din nähili dinkä?» diýip, yslam dinini okap, öwrenmäge başlady. Yslama mahsus lybaslary geýnip, musulmançylyga mahsus gylyklara bürenip başladylar. Müňlerçe ýaponiýaly yslam dinine girendiklerini yglan etdi.

Gel, biraz oýlanaly, biziň hemmämiz Muhammet Ruşwan ýaly hereket edermidik ýa-da ilki bilen garşydaşymyzyň, bäsdeşimiziň agyryly aýagyna depermidik?!

Bu örän gorkunç sowal. Gör, näçe adam her günde, her sagatda, her pursatda, öz mertebesini we namysyny egisýän hereketleri edip, durmuşyň we durmuşyň öňdebaryjy adamlarynyň aýagyna depýär.

Bu meniň üçin örän agyryly, ynjyly sowal... seniň üçin hem, belki, şeýledir!

## 45. DURMUŞYŇ KANUNY

Rowaýatlara görä, iki sany at bar eken, olaryň arkasyna ummasyz goşy ýükläpdirler. Biri-birine tirkegli atlaryň öňdäkisi örän çeýe we sagdyn ýöreýän ekeni, ýüküň agramyny duýmaz eken. Yzdaky at bolsa büdräp, haýal ýöräp, ýüküň agramyny öz ýaltalygy bilen has agraldyp barýan eken. Ahyry ýolagçylar yzdaky atyň ýüküni hem öňdäki atyň üstüne ýükläpdirler. Yzdaky at muňa begenipdir. Ýalta-

syran bolup, hile etmegiň hem netije berýändigine ynanypdyr. Öňdäki ata garap: «Ýada we deriňi döküber. Seniň bu işjanlylygyň ýadawlykdan hem-de kösençlikden başga zat getirmez» diýipdir.

Olar barmaly ýerlerine ýetenlerinde, atlaryň eýesi: «Iki aty iýmläp durmagyň näme geregi bar, ähli goşumy, ýükümi bir ata geçirenime görä, ähli ot-iými hem şol ata bereýin, beýleki aty bolsa, soýup, huruşlyk edineýin. Iň bolmanda onuň hamyndan peýda görerin» diýipdir. Ol aýdyşy ýaly hem edipdir.

Ine, bu köpbilmiş ata serediň – käbir akyly ýerlikli ulanmasaň, özüňe zyýan edýär. Ol durmuşy hile-mekirlik bilen hem dolandyryp bolýandyr öýtdi. Isle höwesli, janly işle, isle ýaltalyk et, zähmet haky, iým haky hemmä deň düşýändir öýdüp pikir etdi.

Täsin ýeri, şu kyssa biziň durmuşymyzda örän köp gaýtalanýar. Ýaramaz düşünjeli adam durmuşdaky ähli zady hilegär, mekir adamlar gazanýandyr öýdýär. Oýnuň kanunlaryny, düzgünlerini diňe ol mekirlikler, mekir adamlar düzýän ýaly görýär. Emma olar durmuşyň üýtgewsiz kanunlarynyň bardygyna akyl ýetirmeýärler we betbagt galýarlar.

Hernä biziň bagtymyza, oýnuň düzgüni Allanyň elinde. Ýaradan durmuşyň kanun-ýörelgesini öz Kitabynda şeýle beýan etdi: «Işläň, amal ediň. Allatagala we onuň resuly hem-de mömin-musulmanlar siziň amallaryňyzy görer». Hiç hili ikirjiňlenme, şek-şübhe, bulam-bujarlyk bolmazdan, gara pikirlere ýer goýmazdan, Allatagala bize durmuşyň kanunlaryny açyklap, aýdyňlap berýär. Durmuşyň iň möhüm, iň ähmiýetli kanunlarynyň biri amal, iş etmek, zähmet çekmek, yhlas etmek, der dökmek... Şonda diňe bu dünýäň däl, ahyretiň hem düzeler.

Sebäp we netije kanuny, ýagdaý we jogap beriş, gaýtaryş kanuny, şeýle hem hindi medeniýetindäki Karma kanuny, bularyň ählisi amallaryň aýdyň netijelere eýe edýändigini, bu kanunyň, düzgüniň durmuşyň ähli ýerinde uly-kiçisine deň derejede ýöreýändigini aýdýar.

Dogryňy aýt, haçanda senden kiçiler senden köp ýeňýärkä, senden sowatsyzlar senden köp gazanýarka, olar durmuşdan seniň alan paýyňdan has köp alýarka... bu zatlaryň syry-hikmeti dogrusynda pikir edip, gynanyp gördüňmi?

Gynanma... Allatagala zerre mysgal agramyndaky yhlasyňy hem yrýa edýän däldir. Işle, ýada, der dök, jan et, çalyş, ýoluň soňunda hak eden sylagyňy, abraýyňy hökman gazanarsyň. Ýöne hergiz igenme we zeýrenme. Işlemezden öňe dyrjaşýan adamlara hem ýol ber, olar öz görýän nygmatlaryny, arzuwlaryny, goý, gazansynlar. Kim bilýär, olar nämä owsun atýar? Mynasyp zadyna hallan atýan bolsa, baş üstüne, alsynlar, gowuşsynlar. Mynasyp däl zadyny gazanjak bolýan bolsalar, ahyry ýokarda beýan edilen yzdan ýöreýän atyň ýagdaýyna düşerler.

## MEKDEPDE ÖWRENMEDIK ZATLARYMYZ

*Dostum:*

•Her ýalpyldaýan zat altyn däldir, ýylgyrýanlaryň köpüsi bagtyýar däldir, saňa ýagşy dileg edýänleriň aglabasy hem diýýän zatlarynyň hasyl boljagyna ynanýan däldir.

•Ýagdaýlar seni sandyratmasyn! Haýsydyr bir haýyrly, peýdaly, ähmiýetli işi etmek üçin arassa niýetden ugur alan mahalyň, diller (kähalatda eller hem) saňa garşy uzalyp, ýaramaz söz, gury töhmet, ýalan gybat bilen azar berýän bolsalar (nähak azaryň azaby özlerine bolar), iş-amalyňa, bitirişiňe, yhlasyňa, niýetleriňe ikirjiňlenip, şübhelenip başlasaň, ýatla, jebir-jepa we muşakgatlyk, agyrlyk käsesinden datmadyk pygamber barmy? Hiç hili ynjamadyk, süňňi syzlamadyk, agyry-elem görmedik ýagşyzada barmy? Salyh adamlaryň terjimehallaryny okap gördüm, takwadygyna garamazdan, ähli adamyň söýgüsine, ynamyna girip bilen ýekeje adam hem ýokdur.

•Durmuşda köp ýerde ederiňi bilmän, ikirjiňlenip galarsyň. Tereziniň bir jamynda öz etsem-petsemleriňi (prinsipleriňi) goýarsyň, beýleki jamyna bolsa adamzadyň ähli oý-garaýyş sülekeýi syrylyp, akyp durar. Barybir dogry karary kabul etmek, bir karara gelmek erki, hukugy özüňdedir. Saýlamazyňdan öňürti ymykly oýlan, ynan, sen şowlulyga, towpyga örän mätäçsiň. Sen dogry maslahatlara, jaýdar öwüt-ündewlere şeýle bir mätäçsiň, ýöne sen öz pikirleriňde mizemän durmaga we anyk, aýdyň maksatlara müň mertebe, müň mertebe mätäçsiň.

•Synalyp görülmänkä adamlaryň ählisi hem salyh, ygtybarly, ynamdar, arassa, halal. Sähel bir synagyň soňunda salyh kim, betpäl kim, sadyk kim, sadyksyraýan kim – aýan bolýar duruberýär. Hemme adamlar edil men we sen ýaly, ol we olar ýaly, şonuň üçin gel, ikimiz deň durup, Alladan dileg edeli, synag wagtynda ynamymyz we özgeleriň bize bolan ynamy synmasyn!

•Adamlar agyz dolduryp gürrüň etmeýän hem bolsalar, eden ýagşylygyňa asla ökünme! Aýdan bir dogry sözüň üçin soňundan kösenýän hem bolsaň, munuň üçin ruhuňa yza berme. Adamlar unutsa-da, unudansyran bolsa-da, Allatagala unudýan däldir! Adamlar bir ýagşylygyň hormat-sarpasyny tutmasalar-da, Allatagala edilen ýagşy amalyň hakyny-sylagyny köýdürýän däldir. Eden her bir ýagşylygyň onuň dergähinde mälimdir. Allatagalanyň ýagşylyklary saklaýan ýörite hazynasy-sandygy bar, hiç kim olary ogurlamaga, ýa-da zaýalamaga, ýa-da gymmatyny egismäge milt edip bilmez, hiç kim ony başarmaz. Ynjal we ýene-de haýyr iş etmegiňi dowam et. Gadyrbilmeziň ýa-da sowatsyz biriniň sözi seni gamgyn etmesin.

•Aýdýan zadyňa düşünmeýändikleri üçin adamlaryň seni tankyt etmegi mümkin, emma olaryň tankydy seni we seniň şahsyýetiňi, mertebäňi egismez. Ýüregiňi geçirimlilikden we asudalykdan püre-pür et. Gyzyp barýan ruhuň üstüne dury paýhasyň sowadylan suwlaryny sep, guý. Garaýşyňy ýene bir ýola, ikinji gezek, üçünji

gezek, onunjy gezek aýt, düşündirmäge çalyş, ýöne hergiz ulumsylyk edip, gyra çekilme.

•Garnyň açlygyny doýurmak üçin tiz taýýar bolýan aşlary satyn alyp bolar, emma ol iýmit göwräňe we zehiniňe peýda etmeýär. Sebäbi olar hem dogry iýmitlenmegi üçin ýokumly maddalara mätäç. Tiz we aňsat gazanylýan üstünlik hem edil şonuň ýaly, käwagt bagtyň çüwüp gazanylýan üstünlik ýa-da eliňdäki az-owlak zada begenmek, guwanmak duýgusy hem hut şeýle, sen bu zatlara bir sagat, iki sagat begenersiň, emma hakyky üstünlikleriň, berjaý edilen işleriň sanawyna girizmäge esas bolup bilmez.

•Biziň döwrümiz alyş-beriş, söwda-satyk, bazarlama zamany, eger-de şol iki ugry mazaly özleşdirmeseň, gürrüňsiz ýitgä uçrarsyň diýýärler. Esasan hem, bu ýagdaý biziň şu günlerimizde mese-mälim, aýdyň görünýär. Ýöne bu ýagdaýyň hatarly ýeri, zada bolan ündew-höwes, şol zadyň hut öz gymmatyndan has beýik.

Amal hakdaky söz şol amalyň öz boýundan has beýik.

Emma wagt, zamana ähli zadyň üstüni açýar. Şonda zadyň daş-töweregindäki göz gamaşdyryjy parlaklyk solup başlaýar. Ana, şonda saňa ündew-mahabat hem haýyr etmez. Söwda hem saňa ýardam goluny uzatmaz.

•Iň süýji dil, iş bitirip görkezmekligiň – başarnyklaryň dilidir. Özüň hakda artykmaç gürlejek bolma, özüň hakda gürlemegi edýän işleriňe goý, şol beýik işler sen hakda gürrüň berer durar. Seniň özüňi alyp barşyň, gylyk-häsiýetleriň, abraýyň hakda özleri hoşboý ysyny saçarlar. Edýän işleriň älemiň nazaryny saňa we seniň beýikligiňe gönükdirer. Sen diňe bu zatlar üçin irginsiz zähmet çekseň, işleseň bolýar. Ýürekden yhlas etseň bolýar. Gereginden artyk derejede zähmet siňdir, deriňi dök, ondan soňra birsellem dymyp bilersiň. Özüň hakda gürlemek wezipesini amallaryňa tabşyr, seniň adyňdan resmi gürleýji seniň amallaryň bolsun. Ana, şol müňlerçe nokgy-nokgudan we uzaga çekýän sözlerden, leksiýalardan hem has ynandyryjy we täsirli dildir, sözdür.

•Baş durmuş ýörelgeleriňi syýagalam bilen ýaz, olar hiç bozulmasyn, berk we mäkäm dursun, aýdyň görünsin. Garaýyşlaryňy, pikirleriňi adaty galam bilen ýaz, gerek ýerinde olara üýtgetmeler, düzedişler girizip, gaýtadan gözden geçirmeli bolarsyň. Ýagdaýa rast gelmeýän pikirleriňi bozmagy, üýtgetmegi hem mertlik bilen kabul et, pikir bozgujyny hem edeplilik bilen ulan. Ýalňyşlygy aýan bolan pikirleriňden saplanmak dürsdür.

Iň ýamany ýokarky ikisiniň ýerini çalşyp ýazmak: esasy durmuş ýörelgeleriňi yz ýany bozup boljak galam bilen ýazyp, her gije-gündizde üýtgedip otursaň we garaýyşlaryňy, pikirleriňi syýagalam bilen ýazyp, ony asla üýtgewsiz saklamaga çalyşmagyň, düzedişler girizmezligiň, üýtgetjek bolmazlygyň ýaman işdir.

•Şeýtan eli çarşakly mahluk däl, onuň guýrugy hem, iki sany şahy hem ýok. Eger-de ol şol gülkünç-gorkunç sypatynda gelse, hiç kim oňa ynanmazdy. Şeýtan biziň ýanymyza iň gymmatbaha lybaslarda, owadan we parlak ýüz bilen gelýär. Süýji sözler, datly jümleler, şelaýyn bakyşlar we näzli garaýyşlar bilen bizi öz maksadyna çekýär. Şeýdip köpleri öz hilesine çolaşdyrýar.

Ol ynamdar dostuň ýa-da halaýan adamyň sypatynda hem gelip biler. Biz birbada oňa güp ynanýarys. Wagt geçenden soňra bu betbagtçylyga sebäp bolan zadyň arkasynda diňe şonuň durandygyny onuň perdesi syrylandan soň bilip galýarys.

•Ähli ýumurtgalary bir sebetde goý we olara gowy üns ber! Olary dürli sebetlerde goýuşdyr we olara asla ähmiýet hem berme! Enemiň aýdyşy ýaly, «Bir elde iki garpyz tutdurmaz». Pikiri dagynyk bolan adam ygtybarly, sadyk hasaplanmaz.

•Durmuş hakykatlarynyň biri hem – ýaltalara juda agyryly görünmegi hem mümkin – ynsan isleýän zadyny alanok, mynasyp bolan zadyny alýar.

•Käbir adamlar kebelegi barmagynyň ujy bilen däl-de, gysymy bilen garbap tutýar. Güýç-kuwwatlylygy, zorluk ulanmagy, pugtalygy çynlakaýlygyň delili hökmünde görýärler.

Olaryň düşünje ölçegi hem, şoňa eýerişleri hem ýalňyş.

•Çekip bilmejegiňden artyk örtenmek islemeseň, gereginden artykmaç söýme. Her bir zat öz çäginde, mukdarynda bolsa ýagşy. Hatda duýgular we rehimdarlyklar, söýgi we ýigrenç hem özüne laýyk ýerde, mynasyp mukdarynda bolsun. Çäkden çykan, artykmaç her bir zat zyýanlydyr.

•Allatagala aýdýar: «Ynsan özüni aklasa-da, öz edýän işine özi beletdir».

Özüňi aklamak üçin bahanaň köpdügine, ýeterlikdigine garamazdan, ýeriň ýüzünde seni okap biljek, seniň içiňi gözden geçirjek, ynjyklygyňy, näzikligiňi ýa gatylygyňy, ýumşak ýa-da gödekdigiňi bilmäge ukyply, iň ökde adam Seniň özüňsiň. Ýaradan hiç wagt saňa sütem etmez. Şeýle hem ol şahsy çäkleriňi, mümkinçilikleriňi kesgitläp biljek derejede ýeterlik akyl berendir.

•Ähli şowsuzlyklar sowatsyzlykdan, bilmezlikden gözbaş alýar. Allatagalanyň beýikliginiň öňünde nadanlygymyz zerarly asy-günäkär bolýarys. Kanunlary bilmeýändigimiz zerarly durmuşda büdreýäris. Adamlaryň gylyk-häsiýetlerini ýa-da öz tebigatymyzy bilmezden, öwrenmezden öz söýýänlerimizi we bizi söýýänleri ýitirýäris. Allatagala sowatsyzlygy ýok etsin.

## AHYRYNDA ÝEŇIŞ GAZANDYK

Ol pursatlaryň üstünden onlarça ýylyň geçendigine garamazdan, henizlerem ony ýatlaýaryn... Bäş ýaşly oglan wagtymdan bäri atam şeýh Hilal aş-Şazylynyň miras galdyran desse-desse kitaplarynyň arasynda gezýärdim. Ýaşaýan öýümiziň üçegi dürli kitaplardan, žurnallardan doludy. Terbiýeçi, edep beriji ussadym garry atam dünýäden ötmezinden öň ummasyz we kämil miras galdyrypdy. Men ol wagtlar bu kagyz üýşmekleriniň nähili gymmatynyň bardygyny bilemokdym, aňşyramokdym, ýöne näme üçindir men şol kitaplara aşykdym.

Bir gün howlymyzdaky bagyň astynda kitaba güýmenip otyrkam, garry enemiň sesini eşitdim. Ol «jaýyň üçegindäki kagyz letdelerini arassalamagy» buýurýardy. Sebäbi şol ýerde towuk saklamak üçin giňiş ýer gerekdi. Enemiň permany ýakyn günlerde ýerine ýetirilmelidi. Müňlerçe kitapdyr žurnallaryň çal-gara tüssesi ýokary göterildi. Men ol wagt on üç ýaşly oglandym we durmuşyň şol ýowuzlygy henizlerem göz öňümden gidenok.

Men ol wagtlar sapagyna doly ýetişmeýän okuwçydym, emma kitap okamaklyga şeýle bir gyzygýardym. Şonuň üçin okuwyma doly ýetişmegim üçin bu islegimiň garşysyna berk karara geldiler.

Ýene-de perman ýaňlandy.

Meniň ähli kitaplarymy öýüň howlusyndaky bagda jemlediler. Ähli zat ýekeje otluçöp bilen ýerine ýetirildi... Şeýh Hilalyň howlusyndan ikinji gezek alaw-tütün ýokary göterildi. Ençeme ýyllaryň geçendigine garamazdan, bu waka göz öňümden gidenok, aňymdan çykanok. Meniň terk etmegimi isleýän zadyma bolan söýgim gün geldigiçe möwjedi. Söýgim artdygyça, özümi pida etmeli ýagdaýlarym hem köpeldi...

Şol waka hut düýn bolan mysaly, her bir ajysy bilen henizem ýatlap biljek. Men ol işden bu işe geçenimde hem hemişe ýanym sebet-sebet kitaplydy. Käbir adamlar bu bolşuma keseden bakyp, ýaňsylap, üstümden gülerdiler: «Filosoflaryň zamany bireýýäm geçip gitmedim-aý» diýip, kinaýa bilen habar gatardylar.

Bir gezek gatnaşýan dostlarymyzdan biriniň maşgalasy: «Seniň güýmenjäň, gyzyklanýan zadyň kitap okamak diýip eşitdim, şol dogrumy?» diýip sorady.

Men olara: «Okamak meniň gyzyklanýan zadym däl, okamak – meniň durmuşym, meniň diriligim. Iýmek-içmegi islegiňe görä bölüşdirip, paýlaşdyryp, synplaşdyryp bolar, emma okamak durmuşym üçin zerurlyk» diýipdim.

Dem almagym, durmuşda ýaşamagym, bakylygym üçin sebäp bolsa, okamak maňa özümi aklamaga, durmuşda mynasyp ýaşaýanlygyma ynamymy artdyrmaga sebäpdir.

Men ulaldym... Ulaldygymça hem okamaklyga bolan yşgym we höwesim, söýgim hem artdy. Men häzir üçünji onlukda gezip ýörün, her bir söýýän aşyk kibi bolup, ýatlamalaryma çümýärin... Geçilen menzillere we ýetilen şu günlere ser salýaryn... Neşir önümçiligi ulgamynda kiçeňräk neşirýat açmak nesibämde bar eken. Ine, bu gün arap dünýäsine kitap önümçiligi bilen hyzmat edýärin... Täze-täze pikirleriň döremegi üçin pikir senagatyny, pikir sungatyny ösdürýärin. Şonda şol çagalyk, oglanlyk we ýaşlyk pursatlarymda başymdan geçen, kitap bilen bagly agyryly günlerimi ýatlaýaryn... Häzirki uly kitaphanama we çaphanama göz aýlap, uludan demimi alýaryn. Göwün gulagyma pyşyrdaýaryn: «Hudaýa şükür, ahyry biz ýeňdik».

## ÇUGDAM PIKIRLER

•Her gün düşnüksiz durmuşyň bir tarapyny öwrenmesek, onuň syrly tilsimlerinden biriniň syryny çözlemesek, onda bu durmuşy doly we kämil ýaşaýarys diýip pikir etmeli däldiris.

•Ata-babalarymyzyň ýagşy niýetleri – olara bolan garaýşymyza, berýän bahamyza garamazdan, biziň terbiýe asmanymyzy (boşlugymyzy) doly örtmeýär ýa-da durmuş kynçylyklarynda, päsgelçiliklerinde ýüzbe-ýüz durmaga ýeterlik bolmaýar.

•Has ynamly, höwesli we erjel ýapyşmagymyz üçin has beýik maksatlardan bir pursat hem gözümizi sowmaly däldiris. Ilkinji ädimleri hem pes saýmaly däldiris, gaýta şol ädimleri has-da güýçlendirip, batlandyryp hem-de gadamymyzy has-da berk basyp, öňe ynamly ätmelidiris.

•Dünýä mülki adamzat köpçüligini azaşdyrmaga, ony özüne bendi etmäge juda ökde. Özi üçin darkaş gurdurýar. Adamlar bagtyýar we sapaly günlerini, beýik arzuwlaryny, maksatlaryny, pikirlerini dünýäniň tiz sowulýan wagtlaýyn lezzetine bagyş etmäge taýýar hem-de juda höwesek görünýär.

•Bermegi, sahawat etmegi başarmagy üçin musulman adam durmuşy söýmäge borçludyr. Ol durmuşa çynlakaý çemeleşmeli we ýaşaýşa öz goşandyny goşmalydyr. Öňkülerden hem has gowy zatlara ymtylmaly we has gowusyny döretmelidir. Ýöne bu işleri özgeleriň berim-peşgeşiniň, gaýrylaryň çeken zähmetiniň ýa-da atasynyň abraýynyň hasabyna etmeli däldir.

•Boş ýaňramazlyk we gerek ýerinde diliň jylawyny çekmek üçin sözleýiş edebini öwrenýän adam güýç-kuwwat gazanmak babatda, güýçli bolmak babatda abyrsyz köp zähmeti bitiren adamdyr. Gapyllyk içinde aýdan sözleri üçin malyndan, baýlygyndan we abraýyndan jyda düşen ençeme adamlar bar... Käbiri dili zerarly kellesinden hem jyda düşdi...

•Şeýle bir pursatlar bolýar, şonda adamlara mätäçdigimizi has ýiti duýýarys. Adam üçin adam, musulman üçin onuň dogany howa deýin zerur. Ýürekdeş ynsany bolmasa, adam durmuş kötelliklerini bir özi geçip bilmeýär. Ýürekde berç baglan pikirleriňi, derdiňi birine gürrüň bereniňden soňra, gursagyň giňäp gidýär – wyždanymyza rahatlyk, ynjalyk, sagdynlyk ornaýar (aralaşýar).

•Käbir adamlary tanaýaryn, olar özlerine gelişýän egin-eşigi saýlap alyp bilenoklar. Onuň dostlary we ýakynlary bolsa, bir müşgil mesele-de ýene şoňa sala salýarlar... juda düşnüksiz... Öz geýjek köwşüni özi saýlap bilmeýän adamyň özgeleriň ýörejek ýoluny saýlap bilmegi mümkin däl!

•Ukyp-başarnyklarymyzyň örän köpdügine garamazdan, ownuk-uşak arzuwlar bilen kanagat etmek ynsan üçin iň hatarly zatdyr. Ýerine ýetirmek akylymyza mümkin däl ýaly görünýän beýik zatlar babatda öňkülerden az-owlak ýa-da şoňa barabar ölçegde yhlas etsek hem köp zat hasyl edip bilerdik, emma pes arzuwlar bilen kanagat edýäris we durmuş belentliklerine aralaşyp bilmän, pesde çör-çöpürleriň arasynda gezenimizi eý görýäris.

•Bir özüň ýeňmek, diňe seniň utmagyň beýik üstünlik däldir. Iň uly ýeňiş, iň bähbitli düşewünt «Men gazanýaryn-sen hem gazanýarsyň» diýen durmuş deňlemesine laýyk gelmelidir!

•Garaňky, tutuksy günler uzak bolsa, ýeňişli, ýagty günler hem edil şonuň ýaly uzakdyr. Haçanda biz şowsuzlyklaryň agyry-ynjysyndan saplanmak üçin başymyzy ýokary galdyrmak islesek, günleriň ötegçidigini we tiz çalşyp durýandygyny ýadymyzdan çykarmaly däl. Ýörejek ýollarymyzy syntgylar ýaly, oňa düzedişler girizer ýaly ýeterlik wagt hökman tapylýar. Şowsuzlyklara adyl hem-de sagdyn akyl bilen jogap bermegiň iň ygtybarly usuly – asuda, arkaýyn pikirlenip, bir netijä gelmek. Gaharly wagtyň gelnen netijede hakykat ýokdur. Iň nusgalyk saýlaw – gahar-gazaba berilmän, howlukman, asuda – arkaýynlyk bilen pikirlenmekdir.

•Arzuwlaryň öňünde duran duzak-gapanlar örän köp. Şol duzaklaryň biri hem seni işden sowaşdyrýan sebäpler ýa-da wagt sarp edeniňe degmeýän zatlary has gowy berjaý etjek bolup bar gaýratyňy harçlamakdyr.

•Özleriniň mal-mülki bilen gomparyp, temegini göge dikýänler, wagtal-wagtal öz zatlaryny, bilýän zatlaryny, öwrenen we özleşdiren zatlaryny, ylym-bilimlerini oňa-muňa güjeňleýänler... olar aslynda özlerindäki ruhy-psihologik bir nogsanlykdan ejir çekýän, kösenýän adamlardyr. Olar öňe ilerlemek üçin hemişe öz ukyp-başarnyklaryna ynamsyz garaýan adamlardyr. Munuň üstesine hem ýaşaýyş kanunlaryndan düýbünden gömükdigi, sowatsyzdygydyr. Çünki ähli ylmy, hakykaty, magryfeti Alladan başga kämil bilýän ýok. Allatagala öz fazly-keremi bilen ony islän bendesine bagyş edip biler.

•Ajal aglaba halatda garry hasyllary ýygnaýandygyna garamazdan, wagtal-wagtal heniz bişmedik miweleri hem ýolýar. Şonuň üçin hiç wagt ölüm uzakdadyr öýdüp özüňi aldama!

•Ýaşaýyşda yz galdyrjak bol. Her günüňi, sagadyňy, sekundyňy, demiňi sanap ötürme, manyly bir iş etmek üçin çalyş.

•Durmuşda ýokary göterilmek we üstünlik gazanmak hiç bir adam üçin hem bolmajak zat däl (hemmeler üçin hem mümkin). Ýöne munuň garşylygyny ödemegi her kes boýnuna alanok. Bahasyny öňünden tölemedik adam ony ele salyp, gazanyp bilmez. Üstünligiň

bahasy hiç zatdan arz-şikaýat etmän, hiç wagt zeýrenmän, maňlaý deriňi döküp işlemekdir.

•Iň töwekgelçilikli, gorkuly, hatarly durmuş içinde hiç hili gorky-howsala bolmadyk durmuşdyr. Iň uly howp-gorky bolsa hiç zatdan gorkusyz ýaşalan ömürdir. Iň uly şowsuzlyk – şowsuzlykdan gorkup, hiç hili hereket etmän durmaklykdyr.

•Kimdir biri bir ýa-da birnäçe kitap okap, özüni filosof, akyldar, döredijilik adamy hasap etse, ol diňe hyýalbent adamdyr. Kimdir biri on-on iki sany hadys ýa-da käbir kiçijik süreleri ýat bekläp, bir mesele dogrusynda pitiwa-höküm çykarsa, ol özbaşyna gümra biridir.

•Haýyr miwesini berjek bir daragty ekmeýän bolsak, ýa-da hakykatyň tohumlaryny sepelemeýän bolsak, ýa-da bizden soňky nesiller peýdalanar ýaly ylym daragtyny oturtmaýan bolsak, ine, bu iň ýaramaz durmuşdyr. Adam dünýäden gidenden soň hem ony dowzah azabyndan gorajak we yzyndan sogap ýollajak zat şolardyr.

•Ynsanyýetiň iň uly betbagtçylygy hakly adamy pisint etmezlik, äsgermezlik. Öz nogsanlygy, bärden gaýtmasy üçin beýleki adamlardan hasap soramak. Gepi-sözi öz göwnüne jaý bolmasa, olara temmi bermekden hem gaýtmaýan adamdyr.

•Ýagşy pikirleri ýaýyjy adamlar ýüreklere eltýän ýoly tapmak üçin durmuş derslerinden pugta sapak almaly. Biz diňe ýagşy ýola çakylykçylar, aýdyjylar, ýetirijiler. Biz kazylar – derňeýjiler, baha berijiler däl. Biz diňe şuglaly şemi göterijiler, biz hökümleri ýerine ýetirijiler däl. Biz diňe pikir we düşünje eýeleri, şonuň üçin ýüreklerimizi, gursaklarymyzy gapma-garşylyklar bilen doldurmalyň we daraltmalyň.

•Akylly adamlaryň iň uly maksatlarynyň biri – mätäç bolmazlyk. Gazanyp bilmejek ýa-da elýeteriňden alysda bolan zady isleseň, ol pikirleri dessine kalbyňdan, ýüregiňden çykar. Şeýtmeseň, gazanmak islegine – işdämenlik nebsiňe «haý» diýip, ony durzup bilmersiň. Diňe şeýtmek bilen nebsiň täsirinden aýňalyp bilersiň.

•Dem almak durmuşda ýaşamak mümkinçiligini berýär, okamak ýaşamaga mynasypdygyňy görkezýär.

•Hak ýolda ýöreýändigimize, hakykatyň biziň tarapymyzdadygyna garamazdan, hiç bir adamyň başga birini öz ynanjyna, ýoluna mejbury girizmäge haky ýokdur. Ýa-da öz pikirlerini, garaýyşlaryny goldamasalar, olara töhmet atmaklyga, ýanamaklyga haky-hukugy ýokdur.

•Biz isleýän her bir zadymyzy gazanyp bilmeýäris. Heniz isleýän, tama edýän zatlarymyz ýene-de köp bolar. Eger-de gözlerimiziň dok, ruhumyzyň rahat bolmagyny isleýän bolsak, onda Allatagalanyň bize bagyş eden nygmatlaryna kaýyllyk, kanagatlylyk we razylyk nazary bilen bakmalydyrys. Şeýle hem bir zady unutmaly däldiris – biziň elimizde bar zatlar hut şu wagt kimdir biriniň iň elýetmez, aňrybaş arzuwlary bolup durýandyr.



# AŞRAF ŞAHIN

## DURMUŞ MEÝDANYNYŇ GERÇEKLERI

### ÝAZYJY BILEN TANYŞLYK

*Häzirki zaman arap dünýäsinde tanymal ýazyjylaryň we ussat psihologlaryň biri hökmünde tanalýan Aşraf Şahiniň aglaba eserleri şahsyýeti terbiýelemek, olary döwrebap sagdyn düşünjeler bilen kemala getirmek we terbiýäniň köptaraplylygyny göz öňünde tutmak hakyndadyr. Her bir şahsa täsir etmek üçin mümkin bolan ähli ýagşy usullary ulanmalydygyny, munuň üçin ylym-bilimiň ählisiniň hem juda zerurdygyny öňe sürýän alym ýazýan eserlerine öz garaýyşlaryny, pikirlerini siňdiripdir. Ol arap dünýäsinde giňden tomaşa edilýän köpsanly telegepleşiklerde, hususan-da «Durmuşyňy täzele», «Ýürekleriň söhbeti», «Durmuşyň genji-hazynasy», «Merhemet mejlisi», «Ertiriň hyýaly» ýaly tomaşaçylary özüne kökeren telegepleşiklerde bu ugra dahylly süýji we çuňňur manyly gürrüňler bilen yzygiderli çykyş edýär. Onuň şol gepleşikler we okyjylar bilen gurnalan duşuşyklar esasynda ýazan ençeme kitaby neşir edildi. Ol «Ýüregiň doglușy», «Seniň süýji durmuşyň», «Säwliklerden şeýdip saplanylýar», «Maksat şeýle kesgitlenilýär», «Mynasyp ýanýoldaş bolmak üçin 101 pikir»,*

*«Özüňi öwren, soňra hereket et» ýaly birnäçe kitaplaryň awtorydyr. Ol terbiýeçilik, jemgyýetçilik we psihologiýa meseleleri boýunça maslahatçy hökmünde ýörite gurnaklarda we internet saýtlarynda iş alyp barýar. Ýaşlara öz geljeklerini kesgitlemegiň ähmiýetini, şeýle hem ýollaryny, usullaryny öwredýär. Ýörite leksiýalar bilen çykyş edýär. Doktor Aşraf Şahiniň «Durmuş meýdanynyň gerçekleri» atly eseri dünýäniň birnäçe dillerine terjime edildi. Bu kitapda özüňe akyl ýetirmegiň, öz mümkinçilikleriňi peýdalanyp bilmegiň we durmuş meýdanynda aýgytly gadam urmagyň ýollary öwredilýär. Aýdylýan pikirler we mysallar durmuş wakalary bilen berkidilip, beýan edilýär.*

## DURMUŞ MEÝDANYNYŇ GERÇEKLERI

Bu kitap durmuş meýdanynda dogumly hereket etmäge ukyply her bir okyja niýetlenen. Biziň her birimiz durmuş meýdanynyň gaýratly gerçegine, batyrgaý perzendine öwrülmek üçin ynamsyzlygyň gazygyna örklenen «dagy gobsundyrjak» gaýratlarymyzy duşagyndan çözmäge we öňe ynamly ilerletmäge mynasypdyrys.

Bu kitabyň her bir okyjysyny gutlamak bilen birlikde, şeýle eseri ýazmaga gaýrat tapanym üçin özümi hem gözden salamok. Sebäbi bu setirleriň, pikirleriň içine çümen mahalym özümi hem durmuşyň bir gerçegi hökmünde görmegi başardym – bu gutlanylmaga mynasyp ýagdaý. Üstesine, şeýle gutlagy bu kitaby eline alyp, okap başlan her bir okyja hem aýdýaryn. Çünki okalan setirlerden soňra ýürek çuňluklarynda peýda bolan bir ses ýa-da pyşyrdy (hatda onuň birbada pessaý ýaňlanýandygyna garamazdan) siziň hem durmuşyň gerçegine öwrülmäge ukyp-gaýratyňyzyň bardygyny buşladygydyr. Özümi we sizi gutlamak bilen çäklenmän, ýürek jümmüşinden barha ýokary göterilýän we siziň ynamyňyza öwrülip barýan şol pyşyrdynyň, şol sesiň, şol sözüň çyn sözdügini size buşlasym gelýär. Ol sesde hiç bir galatlyk ýokdur. Ol ýüregiň hak sözüdir, çyn sözüdir. Her birimiz durmuş meýdanynda aýgytly ädimleri ätmäge, gaýratly, dogumly hereketleri etmäge, şeýdibem arzyly maksatlarymyza ýetmäge mynasypdyrys. Biziň her birimiziň durmuş meýdanynda görelde görkezmäge, hemmelere nusgalyk bolmaga mümkinçiligimiz bar. Eger-de durmuşyň özüne dil bitsedi, ol özünde şeýle perzentleriň bardygy bilen buýsanardy.

Durmuş siz bilen buýsanardy. Bagtyň özi size guwanardy. Walla, ynanaýyň, şu sözümde hiç bir çişirme ýa-da ulaltma ýok, biziň her birimiz boýumyzyň, ýaşymyzyň, reňkimiziň, dilimiziň, dinimiziň, milletimiziň we ýenegörleriň parh edýändigine garamazdan, durmuş meýdanynyň dogumly gerçegi bolmagy başaryp bilýäris. Birje şerti-talaby - muňa düşünmegimiz, ynanmagymyz, şol derejelere ýetmek, mertebe münberlerine çykmak üçin yhlasly zähmet çekmegimiz, gaýrat etmegimiz gerek. Üstesine, gaýratymyzy tijemek üçin göterip bolmajak ýüküň ýokdugyna, bu ýollarda janlyja hereket etmegiň juda bir kyn zat däldigine hem göz ýetirersiňiz. Şeýdibem, birek-birege arkadaýanç bolup, arzyly sepgitlere tiz ýetmegi başararys. Her bir işiň hötdesinden geleris.

*Eziz okyjylar!*

Eliňizdäki bu kitap «Durmuş meýdanynyň gerçekleri» ady bilen ýazylan köpsanly kitaplar toplumynyň bir bölümi. Bu ýerde aýdylan zatlar, ýazylan sözler gazyga örklenen gaýratymyzy örkünden boşatmaga, irkilip galan we beýik işleriň hatyrasyna oýarylmaly ukyp-başarnyklarymyzy herekete getirmäge hem-de durmuşyň dogumly, edenli perzendine öwrülmäge ýardam berer.

***

*Meniň garaýşyma görä...*

Meniň garaýşyma görä, gaýratly gerçekler ähli ýerde ynamly hereket edýär, dogumly we batyrgaý gadam urýar, her bir işe töwekgellik bilen girişýär we guwandyrýan netije bilen alyp çykýar, işinde ýa okuwynda tutanýerli hem-de erjel bolýar, edep-terbiýesinde dogumly, aň-düşünjesinde medeniýetli, gylyk-häsiýetinde salykatly bolýar. Özara adamkärçilik gatnaşyklarynda mähir-mylakatly, tagat-ybadatynda yhlasly we sabyr-takatly, ykbalyň ynanan wezipelerini bitirmekde ynamly we gaýratly bolýar.

***

Meniň garaýşyma görä, gaýratly gerçekler özlerini alyp barşy bilen hemmelere nusgalyk bolýar, her bir haýyrly işde görelde görkezýär, asylly hereketleri we başarnyklary bilen köplerden tapawutlanmagy başarýar. Beýleki adamlar olaryň özlerini alyp baryşlaryna we berjaý edýän beýik işlerine haýran galyjylyk bilen seredýär. Dillerinde bolsa «Aperin» hem-de alkyş sözleri ýaňlanýar.

***

Meniň garaýşyma görä, gaýratly gerçekler hemişe we hemmelere güler ýüzli, hemme ýagdaýda tutanaýerli, her bir işde janypkeş bolýar. Olar güýç-gaýratly, ruhubelent we yhlasly bolýar. Hemişe beýik işlere ymtylýarlar. Il-güne sylag-muhabbetlidir, olaryň ýüreginde ýigrenjiň zerre ýokundysy ýokdur. Hemişe mähir-mylakatlydyr, ýüreklerinde hiç kime kine-kitüw ýokdur. Hemişe geçirimlidir, kimdir birinden öç almak duýgusy ýokdur. Diňe özleri bagtyýar bolmak bilen çäklenmeýär, olar beýlekiler üçin hem bagtyýarlygyň, güýç-gaýratyň we ylhamyň çeşmesi bolup hyzmat edýär.

***

Meniň garaýşyma görä, gaýratly gerçekler her bir iş-amalyna erjellik we janaýamazlyk bilen çemeleşýär. Il arasynda hemişe işjanly we güler ýüzli gezýär. Dileg-dogasynda yhlasly we özüni pespäl alyp barýar. Mahlasy, gaýratly gerçekler durmuşyň ähli meýdanynda, ähli pursatynda gaýratyny aýamaýar. Olar ähli ýerde köňülleriň tümlügini syryp aýyrýan şamçyrag şuglasy bolup hereket edýär.

***

Men durmuşyň gaýratly gerçeklerini hut şeýle göz öňüne getirýärin we siziň hem şol derejelere ýetmäge mynasypdygyňyza, başarýandygyňyza doly ynam edýärin.

Durmuşyň gaýratly gerçekleri bolmaga wagt ýetdi.

***

# GERÇEKLIK ÝOLUNDA AMAL EDIP BOLJAK PIKIRLER

*Kim bolasyň geler?*

Gysgadan anyk we çuňňur manyly şu sowaly saňa-da, özüme-de beresim gelýär: «Eger-de şu durmuşy täzeden ýaşap bilýän bolsak, onda kim bolup ýaşamagy saýlardyňyz?». Taryhda bar bolan ýa-da tanyşlaryňyzdan haýsy şahsyýetiň ykbalyny saýlap tutardyňyz? Siziň saýlan adamyňyz kim? Näme üçin hut şony saýladyňyz? Onuň haýsy häsiýetlerini, nähili gylyklaryny eý görýärsiňiz?

Ýadyňda saklanan şahsyýetlerden birini saýlanyňdan soň, onuň göwnüňe eý görnen häsiýetlerini, aýratynlyklaryny ýatla. Göz öňüne getirdiňmi? Pikiriňi jemlediň dälmi? Gel, onda ikimiz bilelikde goşgy setirlerinden süzülip alnan aşaky jümleleri üns bilen okaly:

«Eger-de käbir adamlar göwnüňe ýaran bolsa, sen hem şolaryňky ýaly häsiýetlere büren. Şonda şeýle abraý sende hem bolar. Diňe haýran galmak ýa-da halamak bilen çäklenseň, beýikleriň hatarynda ornuň bolmaz».

Hak aýdylan söz, makul jümle. Käbir adamlar ýa-da olaryň käbir häsiýetleri babatda diňe täsire gaplanyp otursak, halamak bilen kanagat etsek, şol häsiýetleri özümizde terbiýelemäge, bürenmäge yhlas-tagalla etmezlik asla kabul ederlikli däldir. Beýik mertebelere, abraýly derejelere ýetmek üçin olary köre-körlük bilen gaýtalamak gerek däl. Ýa-da özümizde heniz ýokdugy, özgelerde bardygy üçin gyýylyp-gynanyp, kine-kitüwe çümmekligem bimany. Özümize erk etmegi öwrensek, özümize diýen etdirip bilsek, tijensek, şol ýagşy gylyk-häsiýetleri, ajaýyp keşpleri özleşdirip bileris. Gylyk-häsiýetleriň zerbap lybasyna bürenmegi başararys. Käbirmiziň eý görýän adamlarymyzdaky ýaly häsiýetleri doly özleşdirip, ählisini gaýtalap bilmezligimiz mümkin. Belki-de, şol şahsyýetiň hut özi ýaly bolmagy başarmarys. Muňa garamazdan, biziň her birimiz häsiýetlerini eý görýän birnäçe ýagşy adamlarymyzy saýlap bileris. Olaryň hersinden bir gowy häsiýeti öwrensegem, özgelere abraý-mertebe gazandyran



köpsanly häsiýetleri özümizde kemala getirip bileris. Şeýdibem, başga bir adam bolmagy başarmarys, emma özümiz bolup galarys bu bolsa, iň uly utuşlaryň biri hasaplanýar. Özümizi iň ajaýyp häsiýetler bilen bezemegiň hötdesinden geleris. Şu hakykaty hemişe peýdalanmagy başaralyň – ýagşy gylyk-häsiýetlere beslenmek üçin hiç bir zat bize päsgel berýän däldir. Has gowy adam bolmak üçin hiç bir zat biziň öňümizi bökdeýän däldir. Eger, nämedir bir zat bize päsgel berýän ýaly görünýänem bolsa, ynanaýyň, bu diňe bahanadyr.

Gel, ýene bir ýola gaýtadan göz gezdireli:

1. Özüňden başga kim bolmagy arzuw edersiň?
2. Ol şahsyň nähili ajaýyp häsiýetleri bar?
3. Seniň göwnüňden turýan 5 sany has gowy adamlar kimler?
4. Seniň garaýşyňa görä, olaryň haýsy häsiýetleri seniň ünsüňi çekdi?
5. Indi bolsa, sen şolaryň şonça ýagşy häsiýetleriniň içinden birini ýa-da iki sanysyny saýla we hut şu günden, şu pursatdan başlap, özüňi şol häsiýete laýyk alyp barmaga çalyş. Şol häsiýetleri ymykly özleşdireniňden soňra, beýleki gowy görýän häsiýetleriňe geçmegiňi dowam et. Seniň ädim-ädim ymtylyşyň kämillige eltýän ymykly güýje öwrüler.

***

## JESSIKANYŇ GÜNI

Ynsany käteler düşnüksiz tukatlyk gurşap alýar. Hemme zat ýer-be-ýer ýaly görünse-de, nämedir bir zadyň ünjüsi ýürege ynjy berýär durýar. Şeýle ýagdaý köplenç indiki arzuwlarymyza, etsem-goýsamlarymyza ynamsyzlyk bilen çemeleşen halatymyzda ýa-da geljegimiz üçin göwün gandyrjak bir zady ýüregimize düwmedik halatymyzda peýda bolýar. Ýa-da hökman ýerine ýetirmeli işlerimizi etmeýän wagtymyzda hem ýüze çykyp bilýär. Geljegimiziň arzuw-maksatlaryny nähili saýlamaly?

***

Jessika ýigrimi ýaşlaryndaky gözel gyz. Ol bir gün geçen günleri, durmuşy hakda çuňňur oý-hyýallara çümdi. Şol wagta çenli serinde öwrüm eden, ýüreginde orun alan, ýöne arman bilen soňa goýlan ýa-da bir sebäp bilen unudylan, garaz, amala aşmadyk arzuwlarynyň uzyn sanawyny düzmäge başlady. Soňra olary ýadyna düşüşi ýaly tertibine göräräk kagyza ýazmaga oturdy. Jessikanyň hasyl bolmadyk ululy-kiçili arzuwlarynyň sany 30-a ýetdi. Olaryň arasynda öwrenmegi ýüregine düwen, ýöne öwrenip bilmedik, bir işi bitirmäge ilgezik bolan, ýöne doly hötde gelmedik ýaly ownukly-irili ençeme arzuwlary, etsem-goýsamlary bardy. Hatda ol ulagynyň ýagyny çalyşdyrmagy hem ýüregine düwüpdir, ýöne hiç-hili ugruna çykmandyr. Jessika ömrüniň paşmadyk arzuwlarynyň sanawyny ýerli gazetleriň birine iberdi. Gazetde ýalpyldap duran makalasyny gören Jessika bu arzuwlaryny täze ruh we hyjuw bilen amala aşyrmaga girişdi. Jessikanyň bu hörpi örän köp adamlary hem ruhlandyrdy. Onuň uslybyndan ugur alan adamlar öz ömürlerindäki hasyl bolmadyk arzuw-maksatlaryny kagyza ýazmaga, sanawa düzmäge başladylar. Amala aşmadyk arzuwlaryny gazete berdiler, birek-birek bilen paýlaşdylar. Soňra bolsa olary hasyl etmäge girişdiler.

***

Indi, özümize dolanyp geleliň. Biz hem edil şol adamlar ýaly hereket etsek, nähili görersiň? Şu wagta çenli ýüregimizde orun almagy, yz goýmagy başaran, ýöne amala aşmadyk arzuwlarymyzyň sanawyny düzmegi neneňsi görýärsiň? Haçandyr bir wagt ýürekden islän, emma paşmadyk arzuw-hyýallarymyz bardyr. Ol arzuw uly bolsun, kiçeňsi-kindiwan bolsun, aýratyn hormat goýýan bir adam bilen tanyşmak islegi bolsun, belki-de öwrenmek islän bir zadymyzdyr, ýa-da özleşdirmek islän bir kärimizdir, hünärimizdir, ýa-da berjaý etmek islän bir işimiz bolup biler, hemmesini bir sydyrgyn tertibe düzsek, indiki ädimlerimiz üçin örän ähmiýetli boljakdygy ikuçsuz. Käbir adamlar paşmadyk arzuwlary ymykly unudyň diýýändir, emma men şolaryň içinden hasyl edip boljaklarynyň heniz bardygyny ýat-

ladasym gelýär. Belki, ol arzuwlar öz wagtyna çenli - şu güne çenli garaşandyrlar.

***

Gel, onda, galam-kagyz alaly-da, şol arzuwlarymyzyň sanawyny düzmäge girişeli. Biz bu sanawy ol arzuwlarymyza ahmyrly bakmak üçin däl-de, hasyl bolmak mümkinçiligi bar bolan arzuwlarymyzy amala aşyrmak üçin, şolaryň ugrunda ýeterlik yhlas-tagalla etmegimiz üçin düzýäris. Eger hasyl bolmak mümkinçiligi ýok bolsa, onda şeýle arzuwlarymyzy bökdän şowsuzlyklaryň sebäbine düşünmegi başararys.

***

*Hereket et!*

*1. Ýürekden islän, ýöne hasyl bolmadyk arzuwlaryň sanawyny düz.*

*2. Ol arzuwlary «hasyl etmek mümkin» we «indi giç (ýa-da «indi mümkin däl)» diýen toparlara bölüşdir.*

*3. Arzuwlaryň amala aşmagyny bökdän päsgelçilikleriň nämedigini kesgitle.*

*4. Şolaryň içinden ýakyn wagtda hasyl edip boljak bir ýa-da iki sany arzuwyňy saýlap al we şolaryň ugrunda hereket etmäge giriş. Ynamyňy bire bagla we yhlasyňy aýama! Pikirleriň dagynyk bolmasyn, hatyrjem bol. Bir-ikisini hasyl edeniňden soňra, ömrüňe, ykbalyňa ähmiýeti bar bolan beýleki arzuwlaryňa hötde gelmegiň ugruna çyk. Sen hökman başararsyň. Arzuwlaryňa berleniňde bir şerti-talaby hergiz ýadyňdan çykarma - arzuwlaryň ählisi arassa we halal arzuwlar bolsun.*

*Ikirjiňlenme, dessine başla!*

***

## GEL, ŞEÝLE BOLALY!

Bir gezek Jorj Bernard Şoudan «Ömrüňi tazeden ýaşap bolýan bolsa, kim bolup ýaşamagy saýlardyňyz?» diýip sorapdyrlar. Ol biraz

säginipdir-de, köpleri haýran eden şeýle täsin jogaby beripdir: «Jorj Bernard Şou bolup ýaşamaga ýagdaýy bolan, ýöne hiç wagt bolup bilmedik adamyň ömrüni saýlardym».

Men ussadyň bu jogabyny örän ajaýyp we jaýdar hasap edýärin. Şol bir wagtda bu jogabyň içinde gamgynlyk we tukatlyk hem duýulýar. Jogabyň täsinliginiň we ajaýyplygynyň syry onuň hakykylygynda we başgalara meňzemeýänliginde. Gamgynlygynyň syry bolsa onuň bolmak isleýän zadynyň hakykatynda jemlenýär. Adamzat taryhynda özi bolmagy başaran ynsanlar, ýagny bolmak isleýän ýagdaýynda, ýetmek isleýän derejesinde gezenler juda azdyr. Göz öňünde tutan maksadyna ýetmek üçin özüniň ähli güýç-gaýratyny, ähli ukyp-başarnyklaryny doly peýdalanmagy başaran ynsanlar sähelçedir. Ýürek gyýyjy bu hakykat başga bir zady ýadymyza salýar – özümizi tijäp biljekdigimizi buşlaýar. Bu ugurda ýörite geçirilen ylmy barlaglara, seljermelere görä, ynsan öz mümkinçiliginiň, ukyp-başarnygynyň we takat-güýjüniň sadaja 10 %-ini peýdalanýar. Galanlarynyň hözirini görmek, ulanmak, herekete girizmek miýesser etmeýär. Ine, şu özümize dahylly ajy hakykat. Sebäbi ulanylman galan şol takatlar (energiýalar), ukyp-başarnyklar durmuş basgançagynyň iň aşaky gatlarynda saklanmagymyza, ýönekeý we ýöntem zatlar bilen eglenmegimize getirýär. Ýogsam, şol basgançagyň depesine çykmaga doly mümkinçiligimiz, ukyp-gaýratymyz, takatymyz, ýagdaýymyz ýeterlik derejede bar. Bu hakykata düşünmekligiň özi buşluk habary ýalydyr, sebäbi biziň şu wagta çenli nähili ulanmalydygyny bilmesegem, geljekde olary ulanyp biljekdigimizi ýadymyza salýar. Has guwançly geljege umydymyzy artdyrýar. Biziň aglabamyz şu wagt öz ukyplarymyzyň ujypsyzja miweleri bilen oňňut edip otyrys, ýöne bizde has uly işleri amala aşyrmaga gaýrat hem, ukyp-başarnyk hem, mümkinçilik hem bar.

***

Indi bolsa, häzirki wagtda mümkinçiligimiz bolan, ýöne häli-häzire çenli şol bolup bilmedik adamlarymyzyň aýratynlyklaryny,

häsiýetlerini göz öňüne getireliň, hyýalymyzda janlandyralyň. Işewür adamlaryň ýa-da zenanlaryň, maksada okgunly oglanlaryň ýa-da gyzlaryň özboluşlyklary, aýratynlyklary nämeden ybarat? Gel, elimize galam-kagyz alyp, şol derejelere ýetmek üçin nähili häsiýetleriň gerekdigini bir başyndan ýazgy edeli, belläp alaly. Bu ýagdaý biziň öz mümkinçiliklerimize we ukyp-başarnyklarymyza çuňňur göz ýetirmegimize şert döreder. Üstesine, şolar ýaly ajaýyp şahs bolmagyň biz üçin hem mümkin zatdygyna, elýeterdigine düşüneris. Munuň ýany bilen bizi tukatlyga iterýän, zol-zol gaýtalaýan bir sözümizi gaýdyp dilimize almajakdygymyza hem äht edeliň. Robert Brawninjiň aýtmagyna görä: «Dilimiz bilen aýdýan ýa-da galamymyz bilen ýazýan sözlerimiziň arasynda iň gamgyn ýaňlanýan söz: «Men şeýle bolup bilýärdim…», «Şeýle bolmaga mümkinçilik bardy...», «Hasyl etmäge ýagdaýym bardy…» diýen sözlerdir…» diýip ýazýar.

***

Şu günden we hut şu pursatdan başlap, mümkinçiligimizi doly peýdalanyp, ýetip biljek derejämizden hem has ajaýyp, has gözel, has özüne çekiji bolmak üçin jan edeliň. Günleriň birinde «Wah, şol wagt ýeterlik tijenen bolsam, men pylan hili bolup bilýärdim, ýöne bolmadym..» diýen sözüň dilimizde gaýtalanmazlygy üçin şu wagt özümize hormat goýmagymyz - ukyp-başarnyklarymyzy herekete getirmegimiz hökmandyr.

*Hereket et!*

*1. Munuň üçin ilki şu zatlary aýdyňla: Bolmak isleýän, ýöne bolup bilmedik şahsyňyzyň aýratynlyklary we ýerine ýetirýän işleri, sarp edýän gaýraty, iş ýörediş usullary nämelerden ybarat?*

*2. Şol aýratynlyklaryň we sypat-häsiýetleriň iki sany esasysyny, has ähmiýetli göreniňi belläp al. Şeýle adamlaryň ýerine ýetirýän iş usullaryndan birini ýa-da ikisini belle. Öz ukyp-başarnyklaryňy gözden geçir, şu wagtky endik eden ýol-ýörelgäňden, iş-amalyňdan daşary ýene nämeler edip biljekdigiňi kesgitle. Soňra bimany gaýry zatlara*

*wagt ýitirme-de, dessine hereket etmäge giriş. Özüňi şol häsiýetlere laýyk alyp bar. Çünki sen şol derejelere ýetmäge mynasypsyň we muny başararsyň!*

***

## POÇTA MARKASY

Häzirki zaman maglumatlar dünýäsinde elektron poçtalar arkaly habarlaşmagyň ýa-da hat-habar, maglumat ugratmagyň giňden ýaýrandygy üçin köp adamlar indi poçta markasyny ulanmaýarlar. Muňa garamazdan, biziň ählimiz diýen ýaly poçta markasynyň keşbini, görnüşini, häsiýetini anyk bilýäris. Adaty hat bukjalarynyň ýüzüne ýelmenilýän dürli görnüşli poçta markalarynyň esasy aýratynlyklarynyň biri hem bukja bir ýelmenenden soň, tä barmaly salgysyna gowuşýança, menziline, maksadyna ýetýänçä, bukjanyň ýüzünden aýrylmaýandygy. Şoňa mäkäm ýapyşýandygy. Hatda salgysyna baranyndan soň hem ony şol ýerden goparyp aýyrmak hyllalla.

Bu sözüň-kelamyň, bu mysalyň biziň bu günki söhbedimiz bilen näme dahyly bar diýip soramagyň mümkin. Gaýa-gopuz ýok ýerinden, bir mysal orta atylsa we gepiň hörpüniň nämä syrygýandygy heniz mälim bolmasa, şeýle sowalyň aňymyzda peýda bolmagy tebigy ýagdaý. Garma-gürme sowallar aňymyzy doly eýelemänkä, men muny düşündirmäge we düşünksizligi aradan aýyrmaga synanyşaýyn. Men saňa durmuş meýdanynda uly üstünliklere ýeten, işi ugruna bolan bir işewür adamyň aýdan nesihatyny ýetireýin: «Hemişe poçta markasy ýaly bol, bir zada ýapyşdyňmy, tä maksadyňa ýetýänçäň ondan aýrylma». Bu şahs bize ýerine ýetirýän işimizi, başyna baran amallarymyzy doly bitirýänçäk, öňde goýan maksatlarymyza, arzuwly sepgitlerimize ymykly ýetýänçäk, ol işlerimizden we maksatlarymyzdan birjikde sowaşmaly däldigimizi maslahat berýär. Ol halypa ugur alan we ýöräp barýan dogry ýolumyzy başyndan soňuna çenli geçmegimizi isleýär. Pikirlerimizi bölýän, ünsümizi dagynyk edýän, güýjümizi

syndyrýan, gaýratymyzy egisýän sebäplere ýan bermeli däldigimizi, ýaltalyk we işýakmazlyk zerarly ýabygorly ýöreýişe düşmeli däldigimizi sargaýar. Ýoldan alyp galýan ownuk-iri bahanalara duwlanman, hemişe maksada okgunlylyk bilen öňe ilerlemegimizi ündeýär. Ýoly ýarpylanymyzdan soňra, bir nokatda durmagyň bolmaýandygyny, ýalňyşdygy görnetin bildirip durmasa, bir saýlan ýolumyzdan çykmaly däldigini salgy berýär.

Ýadymyza salaly, başyna baranymyzdan soňra, terk eden näçe ýollarymyz bar, biz ol ýollara ahyryna çenli eýerip bilmedik. Birbada yhlaslylyk bilen ymtylan, soňra ýoluň ortasyna ýetenimizde ýük ýazdyryp, ondan aňry ätmäge aýagymyz ysmadyk näçe maksatlarymyz bar, biz olary hasyl edip bilmedik. Gel, ýüregimizi bire baglaly, belli-külli bir karara geleli we mundan bu ýana hemişe «poçta markasy» ýaly bolaly. Başladykmy, bitireli, soňuna çenli alyp çykaly. Bu ýollarda ynamly we yhlasly, yzygiderli hereket etmek üçin peýdasy degjek käbir zatlara göz gezdirmegimiz göwnejaý bolardy.

∗ Ilki bilen öňümizdäki ýakyn wagtyň içinde amala aşyrmak isleýän maksatlaryňy kesgitle.

∗ Onuň taslamasyny, meýilnamasyny düz. Haýsy amaly haçan, nirede we nähili usulda hasyl edesiň gelýändigini hyýalyňda saldarla.

∗ Ahyrky netijesine gowuşýançaň, şol maksadyňa poçta markasy ýaly ýapyşmagy ýüregiňe düw.

Haýyşym, orta ýoldan yzyňa dönme!

Dowam et, ýaltanma we ýaýdanma!

Gaçgalaklyk etme we argynlyga özüňi eýeletme - heniz birini bitirmedik bolsaň, maksatlaryňy gaýta-gaýta çalşyryp durma.

Ýapyş, maksatlaryňa poçta markasy ýaly bolup ýapyş!

***

## BITIRMESEŇ, YNJALMARSYŇ

Şeýle bir ýörgünli düşünje bar: «Hiç wagt hiç zady bitirmek islemeýän bolsaň, onda hiç wagt ynjalyga hem gowuşmarsyň».

Maksatlaryňy hasyl etmäge sowuk-sala çemeleşýän bolsaň, ýokarky sözler hut saňa degişli jümle ekeni – ne-hä iş bitirersiň, ne-de ynjalarsyň.

Bir pähimi ýadyňa salaýyn. Çykgynsyzlykdan zeýrenýän adamlara maslahat berenlerinde «Ölümden başga zadyň dermany bar, gabyrdan başga zadyň çykalgasy bar» diýilýändir. Işi bitirmekligiň, hötde gelmekligiň hem ýoly-usuly bar we üstesine ol hiç ýerden tapylmaýan altyn açarjygam däl. Sen dünýä deňizlerinden tapmajak tylla balygyňy öz dünýäňden, köňül we pikir ummanyndan tapyp bilersiň. Onuň esasy syry – ünsüňi jemläp bilmek, gönügip bilmek. «Kimiň ünsi gowşak bolsa, ol hiç wagt hiç zadyň hötdesinden gelmez we hiç mahal özüni rahat duýmaz». Üns ber, «güýji gowşak bolsa» diýýän däldir, «ünsi gowşak bolsa» diýýändir.

«Bitertiplik içinde ýaşasaň,
Garma-garjaşyk pikirlere hemra bolsaň,
Hiç wagt ünsüňi jemläp bilmersiň.
Ýene saňa şu hakykaty aýdaýyn:
Hiç wagt hiç zada hötde gelmersiň,
Hiç wagt gönenmersiň hem ynjalmarsyň».

Eziz okyjylar, öňde goýan maksatlarymyz babatda görnükli netijeleri gazanmak isleýän bolsak, şeýle-de sapaly köňül rahatlygyna ýetmek meýlimiz bar bolsa, onda edýän işlerimize ünsümizi jemlemegi başarmaly. Sarç bedew deýin çar tarapa syçraýan pikirlerimizi jylawlamaly we olary maksatlarymyzyň üstünlikli hasyl bolmagyna gönükdirmeli. Köpsanly akyldar-danalar we dünýä durmuşyna akyl ýetiren pelsepeçiler hut şuny ündäp, damak ýyrtdylar diýsem, sowa düşdügim däl. Olaryň has köp gaýtalan we özleriniň hem uly ähmiýet beren sözleriniň biri: «Adamlar, üns beriň!». Belki-de, köpräk gaýtalanýandygy üçin bu sözlere degerli garaýanam däldiris. Ýöne üns bermegiň ähmiýeti we bermezligiň hatarly taraplary öňden bäri mälim. Biz şu wagt öten akyldarlardan eşidilýän şol ýaňy gaýtalap, şoňa pyşyrdap otyrys: «Adamlar, üns beriň!». Edýän işleriňe üns ber… hiç bir zadyň seniň ünsüňi dagatmagyna ýol berme... işe berlen

mahalyň, işe çümen wagtyň, el telefonuňy uzakda goý ýa-da öçür... hiç kimiň seniň döredijilikli we yhlasly dünýäňe aralaşmagyna göz ýumma! Seriňde duýdansyz ýylpyldaýan, ýöne işiň bähbidine, haýryna bolmadyk pikirleriň aňyňda ornaşmagyna eglişik etme, beýle pikirleri özüňden kowmagy başar. Galam bilen ýönekeý çyzyklary çekip oturma we bimany, ähmiýetsiz sözler bilen kagyzy doldurma. Her ýazanyň, çekeniň edip oturan işiňe laýyk bolsun. Goh-galmagally, her pursatda ünsüňi bölýän garma-gürme ýerlerde işe berilme. Bardy-geldi başga mümkinçilik, şert ýok bolsa, onda özüňi ol gowurdylaryň, gep-gürrüňleriň içinden sogur-da, bir gyra çekil we öz dünýäňe çüm. Ýene-de özüňi edýän işleriňe bagyş et. Aşakda ýatlap geçjek birnäçe usullarymyza eýerseň, sen ähli halatda hem öz işiňe berilmegiň hötdesinden gelersiň.

«Men işe girişen mahalym, hamala, hut şol pursat dünýäde şondan başga hiç zat ýok ýaly duýýaryn».

Sen indiki mysal getirjek paýhasly sözlerimi hem ýatla: «Ünsüňi isleýän zadyňa gönükdirmegi başarmasaň, hiç wagt özüňe erk edip bilmersiň. Indiki sagatlarda pikirlenjek zadyňy öňünden kesgitlemegi başarmasaň, sen hiç wagt bagtly bolup bilmersiň».

Şonuň üçinem hut şu pursatdan başlap, öňümizdäki indiki sagatlarda etjek işleriňi oýlap-biçip, tertibini taýýarla. Indiki ädimleriňi anyk kesgitle. Işe girişmeli wagty gelende ünsüňi böljek her bir sebäp-bahanany ýeňsäňe taşla-da, ynam bilen işe başla. Işläp oturan mahalyň, hiç kimsäniň we hiç bir zadyň ünsüňi bölmegine, pikirleriňi duw-dagyn etmegine maý berme. Ähli ünsüňi edip oturan işiňe jemle. Şonda sen şeýle bir täsin netijeleri gazanarsyň, göz haýran galar, göwün ynjalar.

*Hereket et:*

*1. Öňümizdäki 24 sagadyň dowamynda etjek işleriňi belli et.*

*2. Her işi-amaly ýerine ýetirer ýaly ýerini, ýagdaýyny taýýarla.*

*3. Öňüňde we eliň astynda hem diňe şol işiňe dahylly zatlar dursun. Işe dahyly bolmadyk her bir zady öňüňden aýyr.*

*4. Ünsüňi dagadyp biljek islendik bir sebäpleri aýdyňla we heniz işe ymykly girişmänkäň, olary özüňden uzakda goý.*

*5. Ähli ünsüňi we pikirleriňi diňe edip oturan işiňe jemle (gönükdir).*

*6. Şol işe sarp eden wagtyňy hasapla we işiň hiline, netijesine göz aýla. Şonda bir hakykat bilen ýüzbe-ýüz bolarsyň: Ähli ünsüňi edýän işiňe jemlän halatyňda, öňkülerden has az wagtyň dowamynda has uly netijelere, has beýik derejelere ýetmegi başarandygyňy görersiň.*

*Ýene bir gezek özümize sesleneli – «Adamlar, üns beriň!».*

***

## ÝÜREGIŇE AGRAM SALMA

Ýürege has köp agram salýan, ony tiz ýadadýan zatlar näme diýip sorasam, dessine ýagly naharlary ýa-da käbir ýokumsyz iýmitleriň adyny sanap başlarsyň. Bu-da dogry, belki, meniň senden eşitmek isleýän, senden garaşýan jogabymam şoldur. Ýöne arada ýazyjylaryň biri bilen gümür-ýamyr edip otyrkak, sözden söz açylyp gitdi-de, ýürege has köp agram salýan iki sany endik hakda aýtdy welin, dogrusy, bu meniň üçin duýdansyz bir täzelik bolup ýaňlandy. Halypa ýazyjynyň ýatlan iki endiginiň biri maňa öňdenem belet ýagdaýdy, ony inkär etjegem bolmadym, makullaýjylyk bilen baş atdym. Emma beýleki endigiň üstüni täzeden açdym diýsem öte geçdigim däl. Ikinji endik meni has geň galdyrdy we maňa uly täsir etdi. Sebäbi oýumda-hyýalymda beýle düşünje ýokdy. Şeýle hakykata öň üns bermändigime göz ýetirdim. Garaşmaýan zatlaryň alnyňdan çyksa, bir salym haýran galyp seredýärsiň ahyry. Jaý aýdylan sözler, ýerine düşen manylar hemişe täsirli ýaňlanýar. Gel, bu halypa ýazyjynyň ýüregi ynjaldyrýan bu sözlerini bilelikde okaly:

«Ýüregi ýadadýan iki sany endik bar. Birinjisi, basgançaklar bilen ýokary galmak. Ikinjisi, adamlaryň mertebesini pese düşürmäge çalyşmak».

Bularyň birinjisi ýaşy goýalyşan, gartaşan adamlara ýa-da ýüreginde bir dert-sökellik bolan adamlara degişli (Allatagala her

birimize saglyk-salamatlyk nesip etsin!). Emma ikinji ýadawlyk hemmelerde bolup bilýär. Adamlara kembaha garamak, olaryň abraý-mertebesine çirk ýetirjek bolmak, sähel maý bolsa sebäp ýok ýerinden gara ýöňkemäge çalyşmak ýüregi has beter usurgadýan ýagdaýlardyr. Ýüregi ulumsylyk eýelän bolsa, kine-kitüw, öç almak duýgulary ony mäkäm gurşan bolsa, ýürege şondan başga merkem gerek däl. Özgeleriň abraý-mertebesini özüňden pes görkezmäge meýilli bolmak, illeriň ýanynda ap-aýdyň ýüze çykarmasaň-da, ýüregiňde beýlekileriň şowsuzlygyna heşelle kakmak, senden öňňe her kesiň büdremegini islemek, ine, şeýle duýgy-düşünjeler we şol düşünjelerden dömýän gylyk-häsiýetler ýüregi bitap edýän, onuň güýç-gaýratyny lagşadýan ýagdaýlardyr. Ýüregiňi ýadatmak islemeýän bolsaň, onda beýleki adamlara gyýa göz bilen bakma. Olaryň abraý-mertebesini pes saýma. Özüňe ýagşylyk isleýşiň deýin, olara hem gowusynyň nesip etmegini dile. Ýagyşylyk etmekden ejiz bolsaň, onda ýamanlyk bir isleme. Hiç wagt özüňi beýlekilerden beýik ýa-da artykmaç görme. Şeýdeniňde, ýüregiň rahat, göwnüň ynjalykly, köňlüň asuda bolar.

Gylyk-häsiýetleriňe we hereketleriňe üns ber:

1. Biri hakda äsgermezçilik edip gürleme.

2. Başga biriniň ýanynda beýleki birini ýamanlap, onuň gadyr-gymmatyny, sylag-hormatyny peseltme.

3. Hiç kime erbet niýetde bolma, ýaramaz zady arzuw etme. Aslynda, ýaramaz päl-niýet ýüregiň ýele ýanyndanam geçmesin.

***

## GÖGERÇINI NIREDE SAKLARYS?

Günleriň birinde maşgaladaky çagalar bir wajyp meseläniň üstünde dawalaşyp başlapdyrlar. Dawa-jedel şeýle bir ula ýazypdyr welin, her kes sesine bat berip gürlemäge mejbur bolupdyr. Goh-galmagal, gykylyk öýüň içini doldurypdyr. Gürrüň howludaky gögerçini öýüň niresinde saklamak hakda gidýän ekeni. Bu göger-

çin maşgala agzalarynyň her biri üçin juda eziz bolansoň, her kim oňa özüçe mynasyp ýer taýýarlapdyr. Birinji ogul bu gögerçin üçin iň gowy ýeriň howlynyň içindäki baglaryň arasydygyny ýaňzydypdyr. Emma ikinji ogul bu pikir bilen düýbünden ylalaşmandyr. Sesine bat berip: «Oňa iň laýyk ýer bagyň arasy däl-de, bagyň gyrasy» diýip, ýer depip durupdyr. Üçünji ogul düýbünden başga hörpden gopupdyr: «Ony bagyň içinde däl-de, öýüň içinde saklamagy» akyla laýyk görüpdir. Dördünji ogly heniz pikirini aýdyp ýetişmänkä, aşhanadan ejeleriniň sesi eşidilipdir: «Hany indi, dawaňyzy bes ediň, şol gögerçin şu wagt nirede duran bolsa, şol ýerde galybersin» diýipdir. Garaz, olar näme hakda dawa-pikir edýändir öýdýäňiz? Bu zatlary aýdyp otyrkam, öýünde gögerçin oturan dört-bäş çagaly maşgala göz öňüňize gelendir. Menem bu kyssany ilki okanymda hut şeýle göz öňüne getiripdim, ýöne kyssanyň soňuna göz gezdirenimde, olaryň öýlerinde heniz hiç hili gögerçiniň ýokdugyny, üýşüp-çaşyp, ellerinde ýok zadyň dawasyny edýändiklerini bilip galdym. Olar geljekde satyn aljak gögerçinleri hakda öňünden şeýle dawa girip bilýän ekenler. Ilki bilen bar ünsüňi eliňde bar zatlaryň gadryny bilmäge, gymmatyna düşünmäge gönükdirmeli. Hemişe gözel pikirler bilen hereket etmeli. Mahal-mahal terse ýorup boljak wakalaryň hem gowy tarapyny görmäge çalyşmaly. Özgelere ýagşy pikir ýaýmaly we özüňem diňe gowy pikirlere gulak asmaly.

Şuňa meňzeş ýene bir kyssany ýatlaýyn. Göçme manyda beýan edilýän bu kyssada şeýle diýilýär. Günleriň birinde tokaýda ýaşaýan syçan haýwanlaryň şasy bolan arslanyň üstüne sürnüpdir. Arslan ony tokaýdan kowjakdygy bilen haýbat atypdyr. Şol wagt syçan geň bir teklip bilen ýüzlenipdir: bu gezeklikçe geçirimlilik etmegini hem-de bir aý puryja bermegini sorapdyr. Bir aýdan soňra syçan arslan bilen başa-baş söweşe girjekdigini aýdyp: «Eger men ýeňäýsem, onda bu tokaýda tarhan bolup gezmäge ygtyýýarym bolsun. Tersine bolsa, onda siziň diýeniňiz bolsun» diýip şertleşipdir. Arslan syçanyň bu şertiniň üstünden gülüpdir. Diňe bir arslan däl, tokaýda ýaşaýan ähli janly-jan-

darlar hem syçanyň bu hereketlerini kinaýa bilen kabul edipdirler. Syçan welin, şertini kabul etdirmek üçin ýer depip durmuşyn. Bir gysym göwresi bolan syçanyň arslan bilen darkaş gurup bilmegine arslan hiç ynanmandyr. Syçany äsgermezlik edip, onuň şertine razy bolupdyr. Syçanyň bu sözi arslanyň gulagynyň ýele ýanyndan geçipdir, oňa ähmiýet bermegini bes edipdir. Syçan welin, hut şol pursatdan başlap, bir aýdan soňra arslany nähili güne saljakdygy barada tokaýda wagyz edip başlapdyr. Her gezek arslan bilen pete-pet gabatlaşanlarynda oňa: «Hä, arslan baý, sen taýýarlanyber. Men seni şeýle bir guma gararyn welin, gaýdyp garyňa galmaga mejalyň bolmaz» diýer ekeni. Özi-de bu sözleri uly ynam bilen, gülüp aýdar ekeni. Arslan birbada öňki bolşy ýaly syçanyň bu bolşuna biperwaý bakypdyr. Emma günde-günaşa gaýtalanyp duransoň, ol sözler ahyry arslana täsir edip başlapdyr. Gün geçdigisaýy ýüregine dowul ornaşypdyr. «Şunuň aýdýanlarynyň jany bar bolaýmasyn? Örän ynamly aýdýar welin, ýa tokaý haýwanlary bilen dilleşip, ählisi üstüme sürnäýjekmikä? Güýçli bolsaňam gowy däl, ýagyň köpeliberýär» diýip, barha alada edip ugrapdyr. Gaýgy-gamy, alada-ünjüsi şeýle bir artypdyr, içki pikirleri bilen ikiçäk galansoň, igläp gidipdir. Wakanyň ýigriminji gününde tokaýa bir habar ýaýrapdyr: Arslan dünýäden ötüpdir. Ine, kyssanyň mazmuny we netijesi şeýle. Ýogsam, syçan onuň bilen heniz söweşe galkmady, heniz öňünde dikelmedi. Syçan arslana el götermedi. Syçan hiç kes bilen arslanyň garşysyna dildüwşük gurnamady. Arslan diňe öz içki pikirleri, içki howsalasy bilen özüni heläk etdi. Çagalaryň heniz alynmadyk gögerçin hakda dawa-jenjele girmekleri, arslanyň geljekden howatyrlanyp, öz pikirleri bilen özüni bogmagy - wagtyňy yrýa etmek, ömrüňi zaýalamak. Eger-de ýagşy we gözel pikirlere duwlanan bolsa, ýakymsyz geljek hakda ýalan dowullara ýüregini eýeletmedik bolsa, gaýgy-gamlara özüni ýesir etdirmedik bolsa, belki-de, arslanyň güni başgaça bolardy.

Eýsem, biziň aramyzda şol çagalar ýa-da arslan ýaly çemeleşýänler ýokmy? Bolmadyk we aslynda hem bolmajak zatlaryň aladasyna

çümüp, gerekmejek howsala gark bolýanlar seýrekdir öýdýäňizmi? Ýüregini geljekde bolar öýdülýän apy-tupanlara aldyrýan, gününi gaýgy-hasrata, alada-ünjä eýeledýän, özüni lapykeç duýgulara we galagoplugyň şum çeňňeklerine ildirýänler bar ahyry. «Men hut şeýle adam-da» diýýänler bar bolsa, olara aýtmak isleýän sözlerim bar: lapykeç duýgulardan dessine araňyzy açyň. Özüňize haýpyňyz gelsin, batyl duýgulardan saplanyň. Geljegiňiziň ýagtydygyna, gowudygyna, özüňiziň bagta mynasyp biridigiňize ynanyň. Beýik işleri bitirmek üçin bagyş edilen takat-energiýalaryňyzy we wagtyňyzy halas ediň - ol duýgulardan üzňe boluň!

Emma bu sözler geljek hakda hiç hili pikir etmeli däldigini we gelejegiň maksat-meýlini düzmeli däldigini aňladanok. Asla beýle däl. Durmuşyňyzda täsiri mese-mälim bildirýän zatlary hiç wagt goýbolsun etmäň, gözden salmaň. Gaýta arzwularyňyzy aýaman, geljek üçin her ädimiňizi ölçeriň we geljege taýýarlykly barmaga endik ediň. Ýöne geljek hakdaky pikirleriňizde lapykeçlige, göwnüçökgünlige, umytsyzlyga ýerem bermäň, perem bermäň. Özüňizde bar bolan mümkinçilikleri ýerlikli peýdalanyň. Wagtymyzy we güýç-gaýratymyzy bolmadyk we bolup hem bilmejek zatlaryň howsalasyna sarp etmäliň. Özümizi şum pikirlere pida etmäliň. Kesellerden goranmak üçin düzgün-nyzamly iýip-içmek bilen bir kesele ýolugyp, soňra, özümiz hakda howsalaly hem-de dowamly pikir etmegiň arasynda uly tapawut bar. Geljekki hünärini öňünden kesgitleýän we onuň sepgitlerini ädimme-ädim göz öňüne getirýän, etjek işlerini, barjak we gezjek-görjek ýerlerini meýilleşdirýän talyp bilen sapaklaryna biparh çemeleşýän, okuwyna taýýarlyksyz barýan, geljege bolan ynamy gowşak, okuwyny tamamlanyndan soňra hem iş tapylarmy, tapylmazmy diýip özüni düşnüksizligiň dumanyna gabsaýan talybyň arasynda ullakan parh bar. Öz etmeli işine yhlas bilen çemeleşýän, özgelere elgarama bolmazlyk üçin geljeginiň aladasyny edýän adam bilen birden-kä garyp düşäýmäýin gorkusy bilen ýaşaýan we hiç zada eli barmaýan adamyň arasynda ullakan tapawut bar. Geljek

hakdaky pikirlerimiz diňe ýagşy arzuw-maksatlara hem-de päkize pikirlere ýugrulan bolmaly. Biziň her bir pikirimiz hem, hereketimiz hem geljegimiziň taýýarlygy bolmaly. Ýürege dowul tohumlaryny sepeleşdirýän, düşnüksiz pyşyrdylar bilen waswasa salýan we yhlasly zähmet çekmekden göwnümizi hem, elimizi hem sowaşdyrýan pikirlerden uzak durmagymyz gerek. Hiç bir ýaramaz duýgy, düýpsüz howsala bizi öňe ilerlemekden bökdemesin. Ýüreklerimiz umytdan we has gowy geljege bolan ynamdan dolup dursun. Geljege ynamly we umytly bakyşlar bilen seredeliň!

*Hereket et!*

*1. Geljek hakdaky ýaramaz pikirlerden özüňi sapla.*

*2. Näbelli geljegiň içinde ýaşama. Aýdyň arzuwlara eýe bol.*

*3. Ýüregiňe çiglik ýa-da howsala düşmezligi üçin her indiki ädimiňi planly we ynamly ät.*

*4. Geljege bolan garaýyşlaryň, bakyşlaryň umyt hem-de ynam bilen dolup dursun!*

***

## DARAGTYŇ ÇÜR BAŞYNA ÇYKMAK

Göz öňüne getirip gör, garşyňda gol bilen gujaklap bolmajak äpet daragt bar diýeli. Şol agajyň çür depesine çykasyň gelýär, ýöne nädip çykmalydygy hakda kelle döwer oturarsyň. Ýeri bolýar, taýýar çözgütler barka, artykmaç pikirler bilen kelläňe agram salma. Ine, seniň edip biläýjek zatlaryň:

Daragtyň çür başyna çykmagy göwün eden bolsaň, muňa üç ýol bilen çemeleşersiň. Birinjisi, daragtyň düýbüne bararsyň we şol ýerde «nädip çykyp bolarka?» diýip, çuň pikirlere çümer oturarsyň. Emma diňe höwes hem-de pikir edeniň bilen-ä iş çözülmeýär – agajyň üstüne çykyp bilmersiň. Ikinji bir etjek zadyň, wagt ýitirmezden, uzak pikirlenip oturmazdan, şahalaryna aslyşyp, aslyşyp, barha ýokary galyp başlarsyň. Bu hem o diýen göwün gandyryjy bolmaz, netijesi

hem gümana - ýetmegiňem mümkin, ýetmezligiňem. Sebäbi öňünden ymykly taýýarlyk hem-de ýeterlik güýç-gaýrat bolmasa, birbada höwesli ýapyşsaň-da, birsellemden güýjüň gowzap, özüňi ýadaw-argyn we lapykeç duýup başlaýarsyň. Hälki höwes ýöwsellige ýazýar duruberýär. Maksat her neneň arzyly hem bolsa, ýuwaş-ýuwaşdan ondan ýüz dönderip başlaýarsyň. Başga zatlara güýmeneniň, ünsüňi gaýry zatlara sowanyň kem däl ýaly bolup dur. Ine, üçünji ýol bilen welin, sen daragtyň çür depesine çykyp bilersiň. Munuň üçin seni arkasynda göterip biljek äpet guş bilen dost bolmagyň gerek.

Bu ýöntemje mysal bize beýige galmagyň iň aňsat hem-de ygtybarly ýoluny salgy berýär. Äpet guş diýsem, ertekilerdäki ýa-da Kap dagyndaky Anka guşuny göz öňüne getirmäň. Olar şol ýerlerden gelýänçäler hem ep-esli wagt gerek. Biz bolsa garaşyp bilemzok, üstesine wagtam geçip barýar, gyssanýarys. Emma biziň durmuşymyzda, öz dünýämizde şol äpet guşlar deýin beýik adamlar bar. Özümizden has sowatly, durmuş we hünär tejribesi artyk, dünýä meselesinde köp çaý we çorba sowadan, eder işini bilýän, her zada pähim-paýhas bilen çemeleşýän adamlar bilen dostlaşmak ýa-da iň bolmanda, şolar bilen tanyşmak gerek. Olar özleriniň maslahatlary we pikirleri bilen edil şol äpet guşlar deýin, bize islendik beýiklige galmaga ýardam berýär. Şeýle adamlar bilen dostlukly gatnaşyklary ýola goýmak ep-esli wagtymyzy tygşytlaýar. Olar öz tejribelerini paýlaşýarlar, zerur maslahatlar bilen üpjün edýärler, gymmatly garaýyşlaryny gysganmaýarlar, ajaýyp tekliplerini hödürleýärler. Hytaýlylar munuň şeýledigine birmahallar akyl ýetiren bolmaly, çünki olarda şeýle bir ýörgünli düşünje bar:

«Kiçijik saçagyň başynda paýhasly biri bilen birazajyk oturmagyň özi bir aýlap kitap okanyňdan has peýdalydyr».

Tejribeli ussatlaryň maslahatlaryny diňläp, olaryň aýdýan sözleriniň aýdyň täsirini, oňyn netijesini öz durmuşynda görenler bolsa, şeýle pikiri öňe sürýärler:

«Paýhasly biri bilen bir gijeki gürrüňdeşlik on ýyllap ders öwreneniňden peýdalydyr».

Bir zady anyk ýaňzydyp biljek – köp adamlar durmuşda öz barmaly menzil-derejesine gijigip gowuşýarlar ýa-da güýç-gaýraty bolubam, ýetip biljek ýerinden has bärde eglenýärler. Çünki olaryň durmuşynda paýhasy we tejribesi bilen özlerine goltgy berjek akylly-başly adamlar ýok. Olara öňe ilerlemäge joşgun we ruh berip biljek, gursaklaryny guýç-gaýrat bilen doldurjak adamlar ýetmezçilik edýär. Olar özlerini diňleýän we degerli maslahat berip bilýän adamlara mätäç. Olara müşgil meseleleriň çözgüdini, agyry-dertleriň anyk dermanyny salgy berýän, arzuw-umytlaryň hasyl bolmagy üçin nähili hereketler etmelidigini ündeýän adamlar gerek. Hut meniň özüm durmuşda şeýle gowy adamlaryň ençemesine şaýat boldum. Olar şol äpet guş deýin örän köp adamlara goltgy berdiler. Köp adamlary garysyna galdyryp, üstünligiň ýoluna atardylar. Aň-düşünje taýdan ösmegine, kämilleşmegine sebäp boldular. Şeýdibem, özlerini tapan ynsanlary äpet bir guş mysaly üstünligiň çür başyna çykardylar.

Bize-de şeýle adamlary sorap-idemegiň wagty gelip ýetdi. Özümizden has tejribeli, has sowatly, has işjanly adamlary gözlemegimiz, tapmagymyz, olaryň ýanyna barmagymyz, olar bilen tanyşmagymyz gerek. Şeýle adamlar bilen salamlaşmagyň özi ýüregiňe ylham berip, köňlüňe ganat bitirýär, ýeri onsoň, durmuş we iş meseleleri hakda gümür-ýamyr edip, pikir alyşsaň dagyn, maňzyňa batjak müňlerçe täze we täsin pikirleriň üstünden bararys. «Birini tapdyk, ýeterlik» diýip, kanagat etmeli däl, baý tejribeli näçe adam bar bolsa, şonça-da tanyşlyk açybermeli. Hersinden bir zat öwrenip galanymyzda hem paýhas gorumyz artar gider. Dürli ugurlarda zähmet çekýän, dürli ugurlardan hünärli, tejribeli adamlar bilen gatnaşyklary ýola goýmaly. Olar bilen tanyşmaga, olaryň iş we durmuş tejribesinden öwrenmäge döwtalap bolmaly. Belki, ilkinji tanyşlyklar, gürrüňdir söhbetdeşlikler halypa-şägirtlik gatnaşyklaryna ýazyp gitmegi mümkin. Şeýle adamlar bilen gatnaşyklary berkitmeli. Wagt we pursat, mümkinçilik ýa-da maý tapylsa, olaryň ýanyna köpräk barmaly, köpräk oturmaly, aýdýan sözlerini diňlemeli we

olardan görelde-nusga almaly. Duşuşmaga, ýüzbe-ýüz oturyp, söhbete çümmäge mümkinçilik ýok bolsa, hat üsti bilen habarlaşyp durmaly. Olaryň paýhas gaýmagy deýin pähimli sözlerinden, maslahatlaryndan peýdalanmaly. Ýagşy adamlar bilen gatnaşyklary ýola goýmak, berkitmek üçin özümiziň başarýan zatlarymyzy hem teklip edibermeli, bu hiç hili aýyp zat däldir. «Hemişe her bir ýumuşlaryna taýýardygymyzy» ýaňzytmakda utanyp-uýalar ýaly hiç zat ýok ahyry, gaýta özara ynam we bilelikdäki iş özara gatnaşyklary has berkidýän serişdedir. «Bizlik näme ýumşuňyz bar bolsa, arkaýyn aýdyberiň, başardygymyzdan şeýle işlere taýýardyrys» diýip, bile işleşmäge mähetdeldigiňizi, göwünjeňdigiňizi bildiriň. Şeýle gatnaşyklar, duşuşyklar az wagtda köp zady öwrenmegimizi hem-de gerekli zatlary gazanmagymyzy üpjün edýär. Şol maslahatlara eýersek, uzak-uzak eglenip we agyr-agyr emgenip ýetmeli sepgitlerimiz gysga wagtyň içinde halys kösenmezden hasyl bolýar duruberýär. Şu ýerde gowy adamlaryň biriniň aýdan sözüni ýatlasym gelýär: «Her gezek özümde doňýürekligiň ýa-da bir ýaramaz duýgularyň dömüp başlandygyny duýsam, ruhumy ýat pikirlerden saplamak üçin ertesi ir bilen Muhammet ibn Wasygyň ýüzüne nazar salmak üçin ýola çykardym...» diýýär. Üns beriň, diňe nazar salmagyň özi ýüregiňi ter-tämiz duýgular bilen doldurýan bolsa, olaryň sözüni diňlemegiň, maslahatyna gulak asmagyň neneňsi haýrynyň, peýdasynyň bardygyny özüňiz kesgitläberiň. Ol adam üçin Muhammet ibn Wasygyň özi güýç-gurbat we ylham çeşmesi, ýagşy işlere bolan gaýratyny we höwesini oýarýan ynsan. Onuň üçin Muhammet ibn Wasyg gürrüňini edýän şol äpet guşumyz ýaly, bu salyh adam arkasyna alyp, ony daragtyň gödeňsi düýbünden onuň näzik şahaly depesine, ýagny doňýürekliginden ýüregiýukalygyň çür başyna eltip bilýän kysmydy. Biziň ählijämiz beýiklige ymtylmak hem-de ýetmek üçin şeýle adamlara mätäçdiris.

Gel, biraz özümiz hakda pikir edeliň. Siziň durmuşyňyzda hem şeýle adamlar barmy? Özleriniň ýakymly sözleri, süýji söhbetleri, ýürege ornaýan maslahatlary bilen sizi asylly işlere ruhlandyrýan,

durmuşyň hemişe gowy taraplaryny görmeklige iterýän, elmydama maksada okgunly bolup, ýaramaz duýgulara asla per bermeli däldigini ýatladýan, pikirleri we sözleri bilen siziň elleriňizden tutup, üstünligiň seýilbagyna aýlaýan, äpet symrug guşy deýin, arkasyna alyp, beýikligiň çür depesine eltýän adamlar barmy? Şeýle adamlara gabat gelen bolsaňyz, siziň durmuşyňyzda şeýle gowy adamlar bar bolsa, tüweleme, bagtyňyzyň gelendigi. Heniz ýok bolsa, bu betbagtlygyň alamaty däl, daş-töweregiňize ünslüje göz aýlasaňyz, şeýle gowy adamlary hökman görersiňiz. Galany, özüňize bagly.

*Hereket et:*

*1. Özüňden has sowatly, has ugurtapyjy, has tejribelidir öýdýän bir ýa-da birnäçe adamlaryňy belläp al.*

*2. Şol adamlar bilen dostlukly gatnaşygy ýola goýar ýaly, olar bilen oturyp, söhbet eder ýaly sebäpleri, bahanalary gözle.*

*3. Olar bilen hemişe habarlaşyp, gatnaşyp dur.*

***

## SEN NÄHILI ÇEMELEŞERDIŇ?

Mekdepleriň birinde okuwçylar ýaz gezelenjine çykarman bolupdyrlar. Mekdebiň müdiri ýolbaşçy mugallyma çagalara nähili garamalydygy hakda täsin we täsirli bir maslahat beripdir:

«Çagalar bilen iş salşanyňda hemişe şu usul hakda pikir et: hamana, ene-atalary hem olaryň ýanynda seni synlap duran ýaly duý!».

Munuň degerli maslahatdygyna şübhe ýok. Aslynda, heniz ýaş mahaly mekdep müdiriniň özüne berlen maslahatlary ýatlasaň dagyn, muny asla geň görmersiň. Şol mahallar ene-atasy oňa: «Has gowy görýän adamlaryň hemişe seni synlap duran ýaly ýaşagyn» diýip, yzygiderli sargar ekeni.

Özümizi nirede nähili alyp barmalydygymyzy göz öňüne getireliň. Pikir edip görüň, biz üçin has eziz, has gymmatly adamlar biziň her bir hereketimizi, sözümizi hut ýanymyzda durup, synlap duran ýaly göz öňüne getireliň. Şonda biz özümizi has nusgalyk, görelde alar-

lyk terzde alyp barmaga çalşarys. Adamlar bilen gatnaşyklarymyzda has mähriban, has mylakatly bolarys. Işlerimize has jogapkärli, has ynamly we yhlasly ýapyşarys. Biz bu ýerde durmuşymyzdaky iň eziz adamlaryň bakyşy we berjek bahasy bilen çäklenmäliň. Muňa başga tarapyndan garap görsek, has-da jogapkärli çemeleşmegiň hötdesinden geleris. Özümizi has köp adamlaryň üns merkezinde göz öňüne getireliň:

«Bir işi etmekçi bolsaň, hatda şol wagt seni hiç kes görmeýän, bilmeýän hem bolsa, özüňe sowal bilen ýüzlen: eger-de tutuş älem halky maňa seredip duran bolsa, şonda men muny nähili ýerine ýetirerdim? Bu işi nähili ederdim?» – diý.

Gel, iň bolmanda bir günümizi bir şeýle duýgular hem-de hyýallar bilen ýaşap göreliň. Hamana, ähli älem halky – seni söýýänlerem, saňa başgaça garaýanlaram, öz işlerini bes edip, diňe seni synlap duran ýaly, seniň edýän işleriňe tiňkesini dikip oturan ýaly göz öňüne getir. Belki, bu aslynda-da şeýledir, sen duýýanam dälsiň, emma il-günüň synçy nazary seniň edýän her bir hereketiňden habarlydyr.

*Hereket et:*

*Bir günüňi şeýle geçir: seniň üçin iň mähriban, eziz adamlar hem, saňa biparh bakýan adamlar hem hamana seniň ýanyňda jem bolup, diňe seniň işleriňi synlamaga gelen ýaly göz öňüne getir. Şonda özüňe jogapkärli çemeleşmegiň diňe özüňi terbiýelemek babatda däl, eýsem, ýerine ýetirýän işleriň hem has netijeli bolmagyna getirýändigine göz ýetirersiň.*

***

## AHMYR YNSANY BEZEMEÝÄR

Ol uzak ýyllaryň dowamynda orta mekdebiň müdiri bolup işledi. Ahyry pensiýa ýaşyna ýetdi. Geçen abraýly zähmet ýoly üçin şägirtleri, kärdeşleri we okuwçylaryň ene-atalary onuň hormatly dynç alyşa gitmeginiň şanyna bir dabara gurnadylar. Bu ýaşuly şeýle hor-

mata juda mynasypdy. Gerdeninde uzak ýyllaryň ýüki, tejribesi bolan müdir üstünligiň, adamkärçiligiň, il-gün bilen ýagşy gatnaşykda bolmagyň nusgasydy. Her kimiň şol müdire meňzäsi gelýärdi. Her kim, iň bolmanda çagalarynyň şol müdir ýaly üstünlik gazanmagyny isleýärdi. Aýdym-sazly, şowhunly dabarada her kim özüniň ýürek buýsanjyny, mähir-muhabbetini, hoşallygyny ýaňzydýardy. Şunça ýyllaryň dowamynda irmän-arman zähmet çekenligi, üstesine, iň bir kyn hem-de jogapkärli kär bolan mugallymçylykda gazanan at-abraýy üçin ol aýratyn hormat-sarpa mynasypdy. Şadyýan, göwün açyjy, şagalaňly gijeleriň biridi. Söz berlenleriň ählisi bu ýaşulynyň ussat mugallymdygyny, jemgyýetiň öňündäki wezipe-borçlaryny abraý we üstünlik bilen ýerine ýetirendigini, hemmeleriň ondan görelde alýandygyny, şeýle halypa mugallymyň elinde ýetişendikleri ýa-da onuň bilen bir ýerde bile işleşendikleri üçin özlerini bagtly saýýandyklaryny uly höwes bilen ýaňzydýardylar. Dabaranyň ahyrynda hormatly mugallymyň özüne hem söz berildi. Ýöne, mugallymyň aýdan ilkinji sözlemi hemmeleri geňirgendirdi. Müsürlileriň dili bilen aýtsak, «Oturan kürsüsini ýanyndaky pelteli çyranyň üstünden eňteren» ýaly boldy. Bu ýerdäki pelteli çyra – ynsanyň gazanan abraý-derejesi, kürsi bolsa her kimiň il içindäki orny-mertebesi, ýagny ol şeýtmek bilen özüne abraý getirip, ýoluny ýagtylandyryp duran zady weýran etdi diýmekligi aňladýar. Ol hakykatdan hem şeýtdi, ýogsam hemmeler ony ähli babatda nusgalyk, gahryman bir gerçek hökmünde, ýüregine düwen zadyny hasyl edýän, maksadyna ýetýän we ruhubelent ýaşaýan adam mysalynda görýärdiler. Emma «Meniň ýigrimi üç ýaşlarymdaky iň uly arzuwym Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň prezidenti bolmakdy. Arman, başa barmady…» diýip, ahmyr bilen gürlemesi, dabara gatnaşýan myhmanlary düşnüksiz duýgularyň girdabyna oklady. Indi tomaşaçylaryň öňünde abraýly zähmet ýoluny mertlik bilen külterlän halypalaryň biri däl-de, geçmişiň hasyl bolmadyk arzuwlaryna ahmyr edip, köne pikirlere daňylyp oturan gözgyny bir adamyň keşbi janlandy duruberdi. Her kim özüni oňaýsyz duýdy. Halypa mugallymyň

bitiren işleri, gazanan üstünlikleri hem şol arzuwy unutdyryp bilmändir. Hasyl bolmadyk, has dogrusy, indiden soň hasyl bolmak ähtimallygy nola deň bolan arzuwy arman bilen ýatlamak ýakymly duýgy paýlanok. Başga gürrüň, eger-de şol arzuwyň hasyl bolmazlygynyň sebäbi hakdaky pikirlerini paýlaşan bolsa, durmuşda üstünlik gazanmak üçin nähili hereketleri etmelidigini ündän bolsa, adamlaram ondan köp zatlar öwrenerdi. Başa barmadyk arzuwyny munça ýyllardan soňra köpçüligiň öňünde ahmyr-arman bilen ýatlap oturmak gelşiksiz. Bu eýýäm arzuwyny hasyl edip bilmeýän, daşyndan göräýmäge ähli işi şowuna, emma içi harasatdan doly biriniň keşbini örboýuna galdyrýar. Arzuwlary bökdeýän sebäpler we olary ýeňip geçmegiň ýollary hakdaky pikirleriňi paýlaşsaň, bu hemmeleriň hoşuna gitjek, göwnünden turjak gürrüň bolardy. Emma mugallym gyzykly we gerekli zatlary däl-de, diňe hasyl bolmadyk arzuwyny ahmyr bilen ýatlap oňdy.

Arzuw etmek gerek we ol gowy zat. Muňa garamazdan olaryň bolup bilmezlik ähtimallygyny hem göz öňünde tutmaly. Dolanyp gelmejek geçmişiň hiç wagt hasyl bolmajak arzuwlaryna örklenip galsaň, agyl giňişligi aralykdan uzaga ýetip bolmaz. Arzuwlar, maksatlar bizi uzak menzillere, beýik sepgitlere eltýär, emma hasyl bolmadyk käbir arzuwlara gark bolup oturmak welin, bizi ukyp-başarnygymyza görä doly hereket etmekden saklaýar. Üstesine, halypa mugallymyň geçen abraýly zähmet ýoly, gazanan derejeleri, ýeten bagtly menzilleri, gursagyny dolduran şatlyklar, abraýyny artdyran üstünlikler, ýeten sepgitleri hasyl bolmadyk bir arzuwyň ahmyryny ýadyndan çykardyp bilmändir.

Meýilnamalar beýle düzülmeýär, durmuş beýle gurnalmaýar. Ahmyr-armana ýugrulan ýol bagtyýarlyga eltmeýär. Sen diňe geçmişiň bir möwsümindäki bir arzuwyň ahmyryna garylmak bilen özüňi ruhy argynlyklaryň we hassalyklaryň girdabyna itekleýärsiň.

Şu sözi kim aýdanam bolsa dogry aýdypdyr: «Agyryly, ynjyly sözleriň içinde «wah, käşgä men şeýle-şeýle etsemdim» diýen söz-

den agyryly ýaňlanýan başga bir söz ýokdur». «Käşgä»-lere daňylyp ýaşamak ýüregi ýaralaýan we gutulmaýan dertlere ýolukdyrýan ýagdaýdyr. Çünki ol berjaý etmeli zadyna hötde gelip bilmändigini, içiniň ahmyrdan doludygyny görkezýär. Bu oý-pikir ynsany hemişe geçmişe dartyp durýar. Şol pursatda iň bolmanda, arzuwyň bir özüni ýatlaman, nähili hereket edenliginde gowy boljakdygyny göz öňüne getirsedi, täzeden girişmäge gaýrat we mümkinçilik tapyp, işiň başyna barsady, onda ol ahmyr däl-de, umyt bolup ýaňlanardy. Ýöne paşmadyk arzuwyň bir özüni ýatlap ýörmek, ahmyrlary ýatlamak bagtykeçligiň alamatydyr. Bir zady isläniňizde, ony arzuwa, arzuwy maksada öwreniňizde, onuň bolup bilmek ähtimallygyny saldarlamak wajypdyr.

Köpimiziň ýaşaýyş hörpümiz şol adamyň durmuşy-dünýäsi bilen juda meňzeş. Olar wagtyň köpüsini bimahal arzuwlara – birmahal geçip giden wakalara ahmyr edip geçirýärler. Ýere dökülen süýt üçin gözýaş dökýärler. Hiç wagt gaýtaryp bolmajak zatlar üçin endişä batýarlar. Wagtyň haçan-eýýäm düýrläp goýan kagyz letdelerini ýatlap, şikaýat edýärler. «Wah, käşgä, şeýle bolsady, menem şol zatlary etsemdim» diýen ýaly ýüregiň ýarasyny gorjalaýan sözleri hem gaýtalaýarlar. Bu ahmyr ýüregi eýeledigiçe, beden özüniň güýç-kuwwatyny, işjeňligini ýitirip ugraýar.

Many-netije çykarmak maksady bilen geçmişe garasaň bolar. Säwliklerden sapak almak, degerli netije çykarmak, durmuşa peýdasy degjek çözgütleriň üstünden barmak üçin geçen wakalary ýatlamagyň hiç hili aýby ýok, has dogrusy, munuň üçin şol wakalary ýatlamak zerur. Ýöne oňa häli-häzirlerem ahmyr bilen ýuwdunyp garamak, «bolan bolsady» diýip, gultunyp bakmak asla kabul ederlikli zat däl. Muňa müň gezek «ýok, ýok» diýýärin. Geçen günlerde goýberen ýalňyşlyklarymyza ökünmegi we indikide gaýtalamazlygy ýürege düwüp bolar, ýöne oňa dynuwsyz gözýaş döküp oturmak bimanydyr. Biz özümizi geçmişiň ahmyr gatyşykly wakalaryna daňýan we häzirki pursadymyzy ünsden düşürdýän her bir pikire garşy durmalydyrys.

Il arasynda, gürrüňçilikde «geçen zatlara gözýaş dökme» diýen sözler gaýta-gaýta ýatlanylýar. Ýöne adamlaryň köpüsi bu sözleriň düýp manysyna düşünmekde bärden gaýdýan ýaly, henizem şol günlere çümüp, gözýaş döküp, ahmyra boglup ýörenler bar. Üstesine-de, şol ýatlamalar olary iň bolmanda, indiki ädimleriniň has göwnejaý basylmagyna iterýän bolsa, indikide seresap bolunmagyna, säwlik-hata goýberilmezligine haýry-nepi degýän bolsa ýene ýagşy, ýöne bu beýle däl. Gowusy, düýn bilen ýaşama we özüňe azap berme. Geljek hakda düýpli maksatlary heniz goýup bilmeýän bolsaňyz, onda iň bolmanda hut şu pursadyň has şadyýan we ylham beriji bolmagy üçin yhlas ediň.

***

## HEMIŞE ŞEÝLE BOL!

Käteler özümi ruhy taýdan seýislemek, ýaşaýşa, durmuşa bolan höwesdir gyzyklanmamy artdyrmak, işlerime ynamly çemeleşmek, mahlasy, goşmaça we täze güýçler bilen üpjün bolmak üçin many-mazmunly goşgy setirlerine hiňlenýärin. Aşakdaky goşgy hem köp gaýtalaýan şygyrlarymyň biri:

Hatda ýolda barýarkaňam
Käteler gül, ýylgyr, hiňlen.
Wagtynda işle, zähmet çek,
Oýna, güýmen mahal-mahal.
Bu zatlary bitir her gün.
Käteler ýüzüňi çytman,
Sahawat et, eçil, açyl.
Käwagt al bu durmuşdan,
Ýüzüňi hiç tutma gyňyr.
Ýylgyrşyň bahar getirsin
Gitsin göwnüň guraklygy.
Mahal-mahal aşyk bol sen
Söý bu ýagşy adamlary

Hem ýakymly ähli zady.
Başyňy galdyr, Göge bak,
Asmanyň durulygyny synla.
Agşamyň tümlügi uzak dowam etmez,
Gije her näçe uzyn bolsa-da,
Yz ýany daň atyp, säher geler
Tümlügiň ornuny ýagtylyk alar.
Bu gözellikleri görmek we duýmak -
Hemme işler hut özüňe bagly.

***

## IRMÄN-ARMAN IŞLEMEK

Ýadawlygy duýman, irginsiz işläp bolarmy?. Her işimizi gerdene labyr, beýnä artykmaç agram salmazdan, aňsatlyk bilen bitirip bolarmy? Hiç hili ýadaman, bizar bolman, irmän işlemek mümkinmi?. Bu sowallaryň ählisine «elbetde, hawa, hut şeýle» diýip, jogap berip bilýäris. Onda «nädip ýadaman işläp bolar?» diýen sowal ör-boýuna galar. Jogaby taýyn: «Ýadawlygy duýman işlemekçi bolsak, ilkibaşda ony mazaly öwrenýänçäk, uýgunlaşýançak we endik edýänçäk birbada ýadamagymyz gerek». Başda bir ýadap, endigiňe öwrüp bilseň, soňra şol işde argynlyk duýmarsyň. Ine, ýadaman işlemegiň iň ygtybarly ýoly hem, bar syry hem şundan ybarat. Öwrenýänçäk, endik edýänçäk ýadarys. Soňra şol işiň başyna bardygymyz, bes, hiç hili ýadawlygam duýmarys, irmerisem. Ýöne şol menzile ýetýänçäň birbada ýagyrnyňy derletmeli boljakdygyny ýadyňdan çykarma. Ilkibada ýadarsyň, öwrenersiň, ele alarsyň we dura-bara endige öwrersiň. Özüňize göz gezdirip görüň, endik eden zadyňyzda hiç ýadawlyk, argynlyk duýýan dälsiňiz.

***

## MILLION DOLLARLYK SURAT

Günleriň birinde ýaş hanymlaryň biri meşhur suratkeş Pablo Pikasso bilen gabatlaşypdyr. Bu hanym sungatyň muşdagy, Pikassonyň

el işleriniň bolsa ölemen aşygy ekeni. Ýaş hanym ýanyndaky kagyzy Pikasso uzadyp, özi üçin ýadygärlik surat çekip bermegini haýyş edipdir. Ussat galamyny eline alyp, surat çekip başlapdyr. Kagyzyň ýüzüne çeken suratyny boldum edip, ony ýaş hanyma uzadypdyr. «Ine, şu million dollarlyk surat» diýipdir. Ýaş hanym bu sözlere geňirgenip: «Bary-ýogy ýarym minutda çeken suratyňyzyň nädip million dollarlyk gymmaty bolup bilýär?» diýip sorapdyr. «Keýigim, otuz sekundyň içinde bir ajaýyp surat çekmek üçin men otuz ýyllap zähmet çekdim (türgenleşdim)» diýip, Pikasso jogap beripdir. Ine, ussatlygyň getirýän haýry, ýyllarboýy kämilligiň berýän netijesi şeýle.

Haýsy hem bolsa bir işde ussat, kämil bolasyň gelse, iň ygtybarly usul şu – öwrenmek üçin ýada, özleşdirmek üçin ýada, endik edýänçäň ýada. Dogrusy, kem-köstsüz öwrenmezden we endik etmezden, sen ussatlygyň, kämilligiň münberine çykyp bilmersiň. Işi kämil oňarmagyň ýeke-täk ýoly – öňünden öwrenmek we endik etmek.

Ynan, ilkibaşda sarp eden çuňňur yhlasyň we uly gaýratyň (hatda birbada seni kanagatlandyrmaýan hem bolsa), bir gün geler, sähelçe yhlas siňdirseňem, seni we özgeleri haýran etjek ajaýyp bir işi hasyl edersiň. Başla, yhlas et. Birbada netijelere howlukma. Wagtyňy we gaýratyňy öwrenmäge hem-de endige öwürmäge sarp et. Bu az sanly aýlary ýa-da sanaýmalyja ýyllary alar. Soňra bolsa sarp edilen şol yhlaslar, siňdirilen gaýratlar sizi üstünligiň çür depesine elter.

*Hereket et:*

*1. Haýsy işlere has höwesli çemeleşýärsiň? Höwes bilen işläsiň gelýän, döredijilik zehiniň we oýlap tapyjylygyň we ösdüresiň gelýän ugruňy, işiňi kesgitle.*

*2. Özüňi şol ugra doly bagyş etmegiň, olary öwrenmegiň, özleşdirmegiň hem-de özüňi şol ugurlarda kämilleşdirmegiň ýollaryny gözle. Tap we anyk kesgitle.*

*3. Öwrenmek we kämilleşmek üçin zerur bolan wagty özüňe bagyş et, endige öwrülýänçä zeýrenme, ýaltanma. Gaýrat et.*

*4. Şol işdäki häzirki derejäňi we bellibir wagtdan soňra ýeten derejäň arasyndaky tapawuda üns ber.*

***

## JADYLY IKI SÖZ

Arzuw-maksatlary hasyl etmek üçin jadyly iki söz bar. Şol iki söz sizi üstünligiň çür başyna çenli eltip bilýär. Işi ugruna millionerleriň birinden üstünligiň syry hakda soranlarynda, ol hem şol iki söz hakda dil ýarypdyr: «Üstünlik gazanmagyň syry bary-ýogy iki sözde jemlenýär, hatda oňa üçünji söz zeruram däl. Şol ikisi «Yhlas et!» diýen sözlerdir» diýipdir.

Şu günki durmuşymyzdan ýeterlik delil tapyp bilýärkäk, taryha gidip oturmalyň. Özümizden mysal alyp göreliň. Gündelik ýa-da salymlaýyn ýerine ýetirýän işlerimize aýratyn güýç-gaýrat sarp edip, işiň içine çümýän pursatlarymyz bardyr. Ýöne şol erjellik, tutanýerlilik her kime görä tapawut edýär. Işe çynlakaý berilýän pursatlarymyzy ýatlap görsek, eýmendiriji bir hakykat bilen ýüzbe-ýüz bolarys. Biz özümiz üçin örän ähmiýetli bolan işlere hem gerek mukdarynda yhlas etmeýäris. Ine, şu ýerde hem üstünlikli adamlara mahsus bir häsiýetiň üstüni açýarys: işi şow adamlar özlerine bähbitli, ähmiýetli bolan zatlar üçin ýeterlik derejede yhlas-tagalla edýärler. Şonuň üçinem olaryň sarp eden takat-güýji-energiýasy yzyna esse-esse bolup dolanýar. Diýmek, bizem «Yhlas et!» diýen şol iki söze pugta üns bermeli.

Her bir asylly maksat, haýyrly iş üçin güýç-gaýratyňy aýamaly däl. Eger işleýän bolsak, işlän şekilli işlemeli. Zähmete yhlas siňdirmeli, ynamly, batyrgaý çemeleşmeli. Biperwaý, bigeleň ötürýän wagtlarymyzyň bolsa sanyny azaltmak hökman. Isleýän zadymyzy elde etmek üçin üstünligiň talap edýän mukdarynda ýadamak, emgenmek, dümtünmek, jan aýaman işlemek wajypdyr. Zehinlilikde dünýä meşhur bolan alymlaryň biri «Maňa zehinli diýýänsiňiz, emma men yhlaslylygy zehinlilikden has öňde goýýaryn» diýer ekeni. To-

mas Edison bolsa: «Zehiniň 1%-i ylham, galan 99%-i yhlas, gaýrat, maňlaý deri..» diýer ekeni. Mahlasy, hötde gelmek isleýän işimiz üçin öňküden-de artykmaç gaýrat sarp etmegimiz, has yhlasly işlemegimiz gerek. Şonda der döküän ugrumyzda zehini daş ýarýanlaryň, işi rowaçlaryň biri boljakdygymyz şübhesiz. Yhlas ýanymyzda, üstünlik alnymyzda bolsa, onda at-abraý, şan-şöhrat, abraý-mertebe hem bizden uzakda däl bolmaly.

*Hereket et:*

*1. Günüň haýsy wagtlarynda has önjeýli işleýändigiňi kesgitle.*

*2. Netijeli iş sagatlarynyň sanyny artdyrmaga çalyş.*

*3. Şol wagtlarda has tijenip işle.*

*4. Hut şol wagt gaýry hiç zada üns bermän, diňe arzuwlaryň – öz möhüm işleriň bilen bol.*

***

## SYÇANLAR BILEN BÄSLEŞME!

Durmuşda ýygy-ýygy gabat gelýän ýagdaýlarymyzyň biri hem käbir adamlar özlerine laýyk gelmeýän zatlaryň ugrunda kän pelesaň urýar. Çyrpynýar, çabalanýar, gazanmak üçin gijesini gündiz edip işleýär. Kimseler bar, her täze çykan el telefonlarynyň yşgynda, ýene biri bar, gije-gündiz bar küýi-höwesi ile sygmaz gatnaşyklary ýola goýmakda, käbirleri bar, gerek-gerekmejek zatlary satyn alyp, pul sowmakda.. Sebäbi kimdir biri ondan öň hut şol zady satyn alanmyşyn. Hamana, bularam şolardan pes dälmişin… Şeýle adamlary göreniňde ýa-da gürrüňi gulagyňa ilende köneden aýdylyp gelinýän bir söz güpbe ýadyňa düşýär: «Kim bilen bäsleşseň, sen hem şolardansyň. Syçanlar bilen bäsleşseň, hatda ýeňiji bolsaň-da, senem barybir syçan bolup galarsyň».

Kim bilen bäsleşmek isleýändigiňi kesgitle. Aý bilen bäsleşýän adam iň bolmanda, ýerden ýokary galyp biler. Ýyldyzlar bilen bäsleşýän adam, Aýdan hem ýokary galar. Syçanlar bilen ýaryşa goşulan bolsaň,

hemmelerden öň gelendigiňe garamazdan, barybir ornuňy syçanlaryň arasyndan gözlemeli bolýar. Bor-bolgusyz, biderek zatlara kowalaşýan adam hem, hatda göwün islegine ýetýändigine garamazdan, özi-de biderek, bolgusyz adam bolup galyberýär. Şonuň üçin hem kimler bilen ýaryşa girýändigiňize üns beriň. Çapuw üçin ylgajak ýoluňyzy aýdyň saýlaň. Dalaş edýän zadyňyz özüňize, mertebäňize, at-abraýyňyza çirk ýetirmejek hereketler bolsun. Seni çyndan begendirjek, uly abraýa eýe etjek zatlara ýapyşyň. Hatda bu ýaryşda seniň ýanyňda senden başga hiç kes ýok hem bolsa, beýlekiler seniň bilen ýaryşasy gelmeýän hem bolsa, sen diňe beýik, asylly we halal işlere döwtalap bol. Maddy mümkinçiligiňi hakykatdan-da özüňe zerur we peýdaly zatlara sarp et. Öz ýaryşyň bolsun we hemişe özüň bol. Diňe dogry hasaplanýan, kanunalaýyk miwesi bolan, netijesi göwün göterýän zatlaryň yşgynda ylga.

*Hereket et:*

*1. Göwnüňde göterýän ownuk-uşak, iri-kiçi ähli hyýallaryňy seljer, ugrunda ylgaýan zatlaryňy saýhalla. Näme üçin çarp urýandygyňa ilki göz ýetir. Şol zatlar saňa dogrudanam gerekmi ýa-da ol duýgularyň hälki bir göwün sowatmak üçin wagtlaýyn baş sämetmekmi? Şol hereketlerden saňa abraý we halal girdeji gelýärmi?*

*2. Haýsy zat babatda beýlekiler bilen basdaşlyk ýa-da bäsdeşlik içindedigiňi kesgitle. Kada-kowahada, düzgün-tertibe sygmaýandygyna garamazdan ýa-da at-abraýyňa asla mynasyp däldigine bakmazdan, sen olar bile şeýle hörpde dowam etjekmi?*

*3. Gerekmejek zatlaryň ählisini terk et - şeýle hereket etmegi hem, hatda şol zatlary hyýal etmegi hem bes et. Gaýrat et, adyňa gelişmejek zatlar bilen ýan-ýana durma! Syçanlar bilen bäsleşme!*

***

## AGYRSA, YZASYNA DÖZ GEL

Ýaryş gidip duran wagty türgenleriň biri dyzyny mazaly agyrdan ekeni. Agyryny köşeşdirmek hem-de ýarasyny bitirmek üçin

lukmanlaryň biri türgeniň ýanyna gelipdir. «Hany, dyzyňy ep» diýip, lukman türgene ýüzlenipdir. Türgen muňa janyýangynly jogap beripdir: «Dyzymy epsem agyrýar». Lukman asuda, parahat äheňde: «Agyrsa, yzasyna döz gel» diýipdir. Ýaňky türgen soňky ýatlamalarynda lukmanyň şol gezekki sözleriniň öz durmuşy üçin öwrülişik nokady bolandygyny gaýta-gaýta ýatlaýar. «Ol sözler, dogrudanam, meniň durmuşymy düýpgöter özgertdi. Şondan soň men agyrynyň hem durmuşyň bir ülşüdigine, gutulmak, sagalmak üçin birbada has uly agyrylara hem döz gelmeli bolýandygyna akyl ýetirdim» diýip ýatlaýar. Türgen şol gezek diňe bir dyzyny epmegi başarmady. Ol agyrysyny unudyp, dessine meýdança dolanmak bilenem çäklenmedi. Ol öz durmuşy üçin iň möhüm bir sapagy alypdy – şol agyry bolmasa, ol dessine gutulyp biljek däldi. Durmuş köp gyraňly we hemme ýerde şol bir çözgüt, şol bir däri-derman, şol bir çykalga täsirli bolup durmaýar. Käteler, uly üstünlikleri gazanmak üçin şeýle agyrylary hökman görmeli bolýar.

Gel, saňa bir agyz söz aýdaýyn.

Säher bilen turda, özüňe, öý-ojagyňa, il-günüňe ýagşy dileg-dogalar et. Düşünýän, daň ukusy süýji zat, ýöne bu zatlaryň haýry-sogaby seniň durmuşyňda tiz wagtda aýan bolup başlar. Belki-de sen aýdarsyň: «Ir oýanmak juda ýokuş degýär, janymy agyrdýar» diýersiň, onda saňa-da şol sözler pent bolsun: «Haýyrly zatlaryň hatyrasyna sähel pursatlyk agyra döz gel».

Diliňi paýyş we ýalan sözlerden arassa sakla! Çünki durmuşyň süýjüligini görmek üçin diliňden süýji sözleriň, dogry-hak sözleriň dökülmegi zerurdyr. Belki-de sen aýdarsyň: «Bu meniň endik eden zadym däl. Öwrenişýänçäm, janymy agyrdyp alar» diýersiň. Onda saňa-da şol sözler pent bolsun: «Bagtly ykbalyň hatyrasyna az salymlyk agyrylara döz gel».

Beýlekileri bagyşlamagy başar, geçirimlilik et..

Sen aýdarsyň: «Bagyşlap bilmek hele-müçük iş däl. Onuň etmişi ýadyňda durka, nädip bagyşlajak. Bagyşlamak, käbir adamlar babat-

da asla mümkin däl. Beýle geçirimlilik janyma agram salar, ýüregimi agyrdar..» diýersiň. Geçirimliligiň neneňsi haýrynyň bardygyny sen hemmeleri bagyşlap başlan pursadyňda aýdyň-aýan duýup başlarsyň. Saňa şol sözler pent bolsun: «Şeýle beýik gönençligiň hatyrasyna birbada janyňa agram salýan agyrylara döz gel».

Oka, oka, köp oka..

Sen aýdarsyň: «Dag köwle diý, ýöne oka diýme.. Okamagy asla halamok. Okamak juda agyr we agyryly, ynjyly..» diýersiň. Oýlan, düşün we göz öňüne getir. Her okan zadyňdan täze bir zat öwrenip bolýar. Her okan kitabyň durmuşyň bir syrly gapysyny açmaga kömek edýär. Käbir kitaplary okasaň, her harpyna onlarça sogap ýazylýar. Neneň özüňi şeýle ähmiýetli zatlara rowa göreňok? Näme sebäpli özüňi elin eşretden mahrum edýärsiň? Oka, irmän-ýadaman oka. Birbada agyryly, ynjyly bolar, janyňa ýakmaz, maňzyňa batmaz, şonda-da oka we ähli agyrlygyna, agyrysyna döz gel. Agyrylara döz gel we gazan!

Özgelere olaryň öz bolşundan hem has hoşamaý, mylakatly gara...

Işiňe ynamly, yhlasly we gaýratly çemeleş…

Gurbuň boldugyndan garyp-gasarlara, mätäçlere ýardam et...

Bir başlan işiňi doly we kämil ýerine ýetir…

Ony şeýt… muny beýt…

Düşünýän, endik edilýänçä, öwrenilýänçä, birbada kyndyr, agyrdyr, agyrylydyr, hupbatlydyr… Ýöne, agramyna, agyrysyna, ynjysyna döz gel we gazan. Agyry-ynjy sähel wagtdan aýrylar gider, emma şeýle haýyrly işlere sarp eden yhlasyň täsiri we netijesi-miwesi aýdyň bildirer durar. Agyry tiz wagtdan köşeşer we onuň ornuny saglyk-şypa gurşap alar. Agyrysyna döz gelmegiň özi durmuş meseleleriniň iň täsirli däri-dermanydyr.

*Hereket et:*

*1. Özüň üçin zerur we ähmiýetli görýän, ýöne agyrdygy ýa-da agyrylydygy üçin başyna barmaýan işleriňi kesgitle.*

*2. Birbada ýüregiňe hernäçe agram salsa-da, hiç zada garamazdan, zerur saýýan şol işleriňi bitirmäge giriş. Şeýle pursatlarda pugta ýadyňda bolsun: Dert edinen şeýle pikirleriňden gutulmagyň esasy çykalgasy islendik işiň wagtlaýyn agyrysyna döz gelip, ýoluňa dowam etmekdedir.*

***

## PURSATLARA MYNASYP BOLÝANÇAŇ

Durmuşda amatly we ajaýyp pursatlar az gabat gelmeýär. «Her günde haýsydyr bir zadyň amatly pursady bar» diýilýär. Emma pursatlara gabat gelmek bilen oňa laýyk gopmak, ýagny pursatlara mynasyp bolmak düýbünden aýry zatlar. Biziň bir müşgil meselämiz hem hut şundan ybarat – biz her pursada mynasyp jogap berip bilemzok. Aýdaly, seni jan-tenden gowy görýän bir muşdagyň, aşygyň ýa dostuň bar ekeni. Ol seniň üçin köp işleri bitirmäge, seni begendirmäge, täze sepgitlere ruhlandyrmaga ukyply. Ol göwnüňi götermek üçin gaýta-gaýta ýanyňa gelýär. Nirä barsaň, alnyňdan çykýar. Sen bolsa biparh bakyşlar, geleňsiz garaýyşlar, sowuk-sala gürrüňdeşlikler bilen oňa ýeterlik ähmiýet-üns bermeýärsiň. Olam näme, yhlasyna mynasyp jogap berilmese, öýkelemek bilen bolar. Pursatlar edil şu muşdaklar ýaly, dost ýa aşyk mysaly, üns berilmese, ýüz berilmese, ýüzüne ýylgyryp bakylmasa, lapykeç, haly teň, köňli gamgyn, öýkeli birine öwrülýär duruberýär. Uzak eglenmänem, durmuşyňdan çykýar. Pursatlar özleriniň ylahy bir nygmatdygyny duýmaýan adamlardan hemişe öýkelidir.

Ýöne pursatlara düşünmegiň hem ýoly-ugry ýok däl. Ilkinji nobatda, hökmany zerur işlerini bitirýänler, durmuş wezipesine hötde gelýänler olaryň diline-köňlüne düşünýän, sadyklyk bilen olaryň dünýäsine ornaşýan adamlardyr. Aýtmaklaryna görä, gündelik işlerini doly-kämil berjaý etmeýän, başlan işini uzak dowam etmän taşlaýan, ýeňil işe hötde gelmeýän ynsanlar amatly pursatlaryň gadyr-gymmatyny bilmän, duşundan geçirip goýberermişin. Amatly pursatlar ykbalyň

sowgady, olara düşünmegi başarmaly. Bu ýeňil düşjek zat däl, emma gazanjak bahaň sarp eden yhlasyňa doly deger. Munuň üçin ilki bilen has zerur işlerimizi bitirmegimiz, wagtymyzy manyly zatlara sarp etmegimiz gerek.

Dogrudanam, wagtymyzyň näçe mukdaryny degerli peýdalanyp bilýärkäk? Munuň üçin dek düýnki eden işlerimizi alyp göreliň. Düýnüň dowamynda näçe sany ýagşy iş etdik? Olary nähili ýerine ýetirdik? Şol işleriň doly-kämil bolmagy üçin näçe sagadymyzy sarp etdik? (Elbetde, ýatyp, dynjyňy almak, iýip-içmek ýaly zatlary hasaby almazdan...). Hany onda barmak büküp, sanap başlalyň, bir günüň, ýagny düýnüň dowamynda manyly ötürdik diýip hasap edýän sagatlarymyzyň sany näçä deň?

Düşünmek üçin şol bir meseläni başga tarapyndan beýan edeýin. Eger-de düýnki güne gaýtadan dolanmak mümkin bolsa, biz şol işlerimizden daşary ýene-de nämeler edip bilerdik? Goşmaça haýyr-yhsan, ýagşylyk, sahawat, geçirimlilik, mätäje goldaw bermek, hassa soramak, garyndaşlara zyýarata barmak, ýakynlaryňy zyýapata çagyrmak, bilim öwrenmek, ylyma çümmek… Bu zatlary ýatlap otyrkaňyz, «Düýni yzyna dolap bolýan bolsa, onda düýnki işleri etmän, düýbünden başga işler ederdim» diýmegiňiz hem mümkin. Ýöne bir işe dümtünip otyrkaňyz, başga işleriň hyýalynda gezmezden owal, hut şol işiňi doly-kämil bitirmegiň pikirini etmek has ähmiýetli. Üstünligiň bir açary şundan ybarat – edýän işiňi has ünsli, has kämil derejede ýerine ýetirmäge çalyşmak bize şan-mertebäniň täze gapylaryny giňden açyp berýär.

Eziz okyjy, üstünlik kenarynda aýak yzyny goýan tanymal adamlar şu üç söze aýratyn üns beripdirler. Olar: **yzygiderlilik; doly bitirmek**; **kämil bitirmek**. Mahlasy, başyna baran her bir işimizi doly ýerine ýetirmek, hili babatda kämil ýerine ýetirmek gerek. Munuňam esasy iteriji güýji yzygiderlilikde jemlenýär. Belki senem şeýle pikir edýänsiň, ýöne özüm-ä şu üç sözi, üç düzgüni üstünligiň hem-de bagtyýarlygyň üç sany göwher daşy hökmünde görýärin. Işi

rowaç adamlaryň arasynda giňden ýaýran şeýle bir söz bar: **«Köp adamlar mümkinçiliginiň ýokdugy zerarly däl-de, yzygiderliligiň ýoklugy sebäpli şowsuzlyga uçraýarlar»**. Işleri wagtynda bitirmezlik, ýa-da edýän işiň hiline üns bermezlik, bolmalysy ýaly ýerine ýetirmezlik... Bularyň ählisi-de şowsuzlyga sebäp bolýan zatlardyr. Uly güýç-gaýratyň, ukyp-zehiniň, ýagdaýyň, mümkinçiligiň bolsa-da, edýän işiňde yzygiderlilik, jogapkärli çemeleşmek, ýerine ýetiriliş hiline, wagtyna ünssüz garamaklyk, geleňsizlik ýaly häsiýetler bilen gurşalan bolsaň, onda çen-çakyň nyşana gönügen bolsa-da, barjak menziliň üstünlikden sowa düşmegi adaty ýagdaýa öwrüler.

Başlan işiňi soňuna çenli alyp gitmezlik ruhy duýgularyň bitertipdigini, pikiriň dagynyklygyny, durmuşyňda düzgün-tertibiň ýokdugyny aňladýar. Üstesine, şowsuzlygyň hem bir elementidir. Şu manyda aýdylan bir meňzetmä haýran galýaryn: «Dirilik suwy bilen doldurylan bir durmuş tabagyny göz öňüne getiriň. Doly bitirilmeýän işler şol tabagyň düýbündäki bir deşikdir. Şol deşigi baglamasaň, bitirmeseň, hiç kimse bu tabagy suwdan dolduryp bilmez».

Her işi doly-kämil bitirmek her amalyň ruhudyr. Kemsiz-köstsüz we doly bitirilen bir işe dem çüflenen ýalydyr, jan berlen mislidir. Ine, şeýle amal üstünligiň kepilidir. Meniň pikirimçe, kämil we doly bitirmegiň gymmatyny biz öz köňlümize, ruhumyza, aňymyza we ýadymyza nagyş etmelidiris. Ol häsiýet özümize we töweregimizdäkilere mahsus bolmalydyr. Işi çalt bitirmeklige däl-de, wagtynda we gowy bitirmeklige üns bermeli. Hil babatda hem hiç wagt bäri-bärki orta derejeler bilen kanagatlanmak bolmaz. Elmydama, hemişe iň gowy usulda berjaý etmäge çalyşmaly. Şeýdibem her bir işimizi wagtynda we göwnejaý ýerine ýetirmäge endik etsek, üstünlik hiç wagt ýanymyzdan aýrylmaz. Çünki biz her bir zadyň has gowusyna mynasyp!

*Hereket et:*

*1. Dek düýnüň özünde näçe işe yhlas bilen çemeleşdiň? Olary näderejede gowy ýerine ýetirdiň?*

*2. Ertir nähili işleri ýerine ýetirmekçi we olary has gowy bitirmek üçin nämeler edip bilersiň?*

*3. Ertirden başlap bitirjek işleriňi şu üç düzgün esasynda ýerine ýetirmegi ýüregiňe düw: yzygiderli, doly we kämil.*

*4. Düzgün-tertipliligi, dowamlylygy esasy şygaryňa öwür. Öňde goýan maksatlaryňy we söz beren amallaryňy hem tertibi bilen öz wagtynda doly we kämil ýerine ýetir.*

*5. Bir başlan işiňi doly bitirmegi şygaryňa öwür. Düýpli bir işe başlan bolsaň, şony doly dynmazdan, beýleki bir işe girişme.*

*6. Kämil bitirmegi şygaryňa öwür. Diňe şeýden halatyňda üstünligiň çür depesine ýa-da şoňa golaý mertebelere hökman ýetersiň.*

***

## ÖŇÜŇDE DÖW HEM DURUP BILMEZ

Ana, şonda hiç bir zat seniň öňüňde ýüzbe-ýüz durup bilmez... Hiç kimiň garşy durup bilmejek, het edip bilmejek ol zady ýa-da ol işi nämekä?

Akyldar filosoflaryň şeýle bir sözi bar: «Ýürekden çykan ýylgyryşyň öňünde hiç bir zat durup bilmez».

Arassa ýürekden gözbaş alýan ýakymly ýylgyryşlaryň öňünde hiç kimse we hiç närse durup bilmez. Bu hakykat. Sen olara päkize garaýyşlar, arassa ýylgyryşlar bilen baksaň, hiç bir adam garşyňa galmaga milt etmez. Päk ýylgyryşlar diňe söýgini hasyl edýär. Hatda seriňi sämedip, başyňy aýlaýan alada-ünjüleriň bilen pete-pet bolanyňda hem gaýgy-gussalara çümme-de, ýylgyr we hemme zady çözüp bolýandygyna ynan. Ana, şonda haçandan bäri bitmän duran meseleleriň öz-özünden düwni çözülip, göwni ýazylyp gider. Özgeleriň aladaly oý-pikirleri hem seniň päkize ýylgyryşlaryň öňünde ýan berip başlar, onuň ornuny umytlar we tesellidir asudalyklar gurşap alar. Şonuň üçinem hiç bir zadyň garşyňda döw deý dikelip durmazlygy hem-de her bir ýakymly duýgularyň, göwünhoşy

ýagdaýlaryň saňa maýyl bolmagy üçin, ýürekden çykýan we içinde galplyk ýokundysy bolmadyk päkize ýylgyryşlar bilen ýüzüňi beze. Ýylgyryşlar seni şeýle bir bezeýär, aýna baksaň özüňem, saňa baksa, hatda ykbalyňam haýran galar. Il-güne, özgelere päkize bakyşlar, arassa ýylgyryşlar, köňülden çykan dostlukly duýgular bilen ýüzlen. Seniň ýylgyryşlaryň olaryň dünýäsine has abadan geljegiň umydy hem-de buşlugy bolup ýaýylar. Öz ykbalyňdan hoşnutdygyňy mälim edýän habar bolup ýaýylar. Durmuşy söý we oňa ýylgyryp bak. Hemmeleri söý we olara ýylgyryp bak. Özüňi söý we özüňe hem ýylgyryp bak. Ana şonda seniň garşyňda hiç kim durup bilmez.

*Hereket et:*

*Ýüregiňi seni gurşaýan her bir zada we her bir ynsana bolan söýgi bilen dolduryp gör. Hemmelere diňe ýagşylyk etmek niýeti bilen gara. Synanyş, sen muny hökman başararsyň. Seni öňküden-de gelşikli we jana ýaraşykly, göwne ýakymly görkezýän zat arassa ýürekden çogup çykan päkize ýylgyryşlaryňdyr. Hemmeler bilen hemişe ýylgyryp iş salyş, şonda sen durmuşyňda ajaýyp we ýakymly pursatlaryň garaşanyňdan hem has köp peýda bolýandygyna göz ýetirersiň.*

***

## SEKIZ SEKUNT

Ylmyň ýeten häzirki derejeleri esasynda Zeminiň üstüni, astyny sere hasaby bilenem ölçäp bilýärler. Diňe bir ýer üstüni däl, eýsem zeminden Aýa, Güne, ýyldyzlara çenli bolan uzaklygy kesgitlemegem indi müşgil mesele däl. Üstesine, mümkin bolan tizlik bilen şol ýyldyzlara näçe wagt mukdarynda aşjagymyzy hem çen-çak bilen hasaplap otyrlar. Ýöne Göklerden ýere düşüp, öz dünýämiz hakda pikirlensek, bizi köp asylly maksatlardan we üstünlikli ýollardan alyp galýan bir ýagdaý bilen ýüzbe-ýüz bolarys. Şol duýgy zerarly, gör, adamzat ençeme ýagşy niýetlerini amala aşyrmaýar, başyna barmaýar. Ýüregine düwýär we üstünden aý-ýyllary ötürensoň, unudyl-

malar diwarynyň düýbüne oklap goýberýär. Oňa «gorky» diýilýär. Ýogsam, şol gorkyny ýeňip geçmek üçin köp wagtam gerek däl… Bary-ýogy sekiz sekunt…

Bilermenleriň köpýyllyk iş tejribelerine daýanyp, çykaran netijelerine görä, ýüzmäge gorkup, suwa girip bilmän duran çaganyň suwa öwrenişmegi üçin bary-ýogy sekiz sekunt ýeterlik. Sekiz sekundyň dowamynda çaga bir ýagdaýdan düýpgöter başga hal-ýagdaýa geçip bilýär. Ilki gorkusyndan saplanýar, soňra öwrenişýär, yzysüre hem ony halap başlaýar. Şondan soňra sen çagany suwdan üzjek bolsaňam, ol gaýta-gaýta suwda ýüzmäge ymtylar durar we seniň bu päsgelçilikleriň, gadaganlygyň ony suwa bolan höwesinden asla dändirip bilmez. Kiçijik çaganyň şu haly – gorkudan uýgunlaşmaga, endikden söýgä geçmegi biziň ählimize mahsus ýagdaýlaryň biridir. Biziň özümizde hem hut şeýle ýagdaýlar bolup geçýär. Täze bir tutumyň gyrasyndan girenimizde ýa-da düýpli bir işe başlanymyzda, birbada aljyradýan, çekindirýän duýgular gurşap alýar. Şeýle duýgulara üns bermän, işimize, ýolumyza dowam etsek, «goşa görkezýän» gorkulardan dessine saplanarys we işe uýgunlaşarys. Soňra endik ederis. Soňra bu iş endigi söýgüli bir zada öwrülip galar. Hut şu hal-ýagdaýy men öz durmuşymda köp gezek synap gördüm. Biri bilen täze tanyşlyk açmakçy bolanymda hem, köpçüligiň öňünde çykyş etmeli bolanymda hem, ýa-da wezipesi meňkiden uly, güýji meňkiden artyk birine onuň bilen ylalaşmaýan ýerlerimi ýaňzytmaly bolanymda hem şeýle duýgulara hemradym. Ýöne bir başladym we dowam etdim. Dowam etdigimçe hem uýgunlaşdym. Öwrenişdigim saýy soňabaka endigime öwrüldi. Soňra öz pikirlerini gypynç etmezden hemmelere ýaňzydyp bilýän, ýüreginde düwen maksatlaryna girişip bilýän, niýet eden amalyny bitirip bilýän birine öwrüldim. Şeýle ýagdaý biziň hemmämize hem mahsus. Gynandyrýan ýeri, köp adamlar umyda däl-de, gorka, uýgunlaşmaga däl-de, çekinjeňlige has köp üns berýärler. Öz pikirleri bilen özlerini bökdeýärler. Gorky üstün gelse, işe girişip bilmeris. Başlamasak, tamamlap bilmeris. Ikirjiňlenmeleriň maksatly pikirlerimizden rüstem gelmegine maý bermeli däldiris. Gorkulary-

myzy we ýaýdanjaňlygymyzy dep etmäge hem-de «Sekiz sekuntlyk strategiýany» öz durmuşymyzda ornaşdyrmaga wagt ýetdi.

Bizden maslahat soraýanlara: «Gorka eglişik etme. Ol biziň ýolumyzy bökdemesin» diýmäge wagt ýetdi.

Başla, hatda heniz gorkudan doly saplanyp bilmedik bolsaň hem başla. Nesip bolsa, sekiz sekuntdan soň gorky dumany ýuwaş-ýuwaş çözülip başlar we onuň ornuny ynam, özüňden hoşallyk, ruhubelentlik, barlygyňa şükür etmeklik ýaly duýgular gurşap alar. Haýsy amaly bitiresiň gelýän bolsa, şol işe başla. Danalaryň şeýle bir sözi bar, hemişe ýadyňda bolsun: «Bir möhüm işi berjaý etmäge başlan bolsaň, buşluk, ýakyn wagtda ony doly dynjaksyň». Çünki bu ýerdäki esasy mesele şol işi bitirmekde däl-de, şol işi bitirmekden alyp galýan gorkyny ýeňmekde.

*Hereket et:*

*1. Ýüregiňe düwýän, emma gorky we ýaýdanjaňlyk zerarly heniz başyna barmadyk işleriňi kesgitle.*

*2. Şolaryň haýsy hem bolsa birini (has dogrusy, ýüregiň haýsysyny has eý görse), dessine berjaý etmäge giriş. Gorka we ikirjiňlenmelere asla üns berme. Soňra bize şol gorkyny ýeňip geçişiňi, işlemäge endik edişiňi we şol işe bolan söýginiň peýda bolşuny gürrüň berersiň.*

***

## ŞU ÝERDEN BAŞLALY...

Belki-de bu kyssany owalam eşidensiň. Ýöne maňza batýan many-mazmuny bolansoň, seniň bilenem ýatlamagy makul bildim. Kyssa şeýle başlaýar…

«Heniz körpe çaga we köp duýgulardan erkin mahalym, arzuw-hyýallarymyň çägi-serhedi bolmazdy...

Ilki-ilkiler tutuş älem-jahany we ähli barlygy üýtgetmegi-de arzuw edipdim. Az-kem ulalyp, köp zady saýgaryp, dünýä-durmuşa akyl ýetirip başlanymdan soň, meniň ojagaz arzuwlarym bilen älemiň üýtgemejekdigine göz ýetirdim.

Soňra öz ýurdumy özgerdesim geldi. Ýöne meni gurşan pikirdir hyýallar ýurdy özgertmäge hem ýetmedi.

Ýaşym bir çene ýetipdi. Birmahalky arzuw-hyýallardan püre-pür gursaga derek durmuşdaky has möhüm zatlara üns bermegi ündeýän sanaýmaly pikirlerim galypdy. Şol wagt maşgalamy özgerdesim geldi. Olary has kämil, has şadyýan we bagtyýar etmegiň kül-külüne düşdim. Arman, bu arzuwam maňa eýgertmedi. Olaryň hiç birine täsir edip bilmedim.

Bu wagt bolsa goja göwün, mydarsyz bedenler bilen düşege baglanyp ýatyryn. Sanalgymyň dolmagyna alýan demim bilen ädimme-ädim ýakynlaşýaryn. Gursagymda bolsa ahmyra ýugrulan armanly bir arzuw bar: «Wah, başda men özümi üýtgedip bilen bolsam, onda bu wagta çenli durmuşymdaky juda köp zatlary üýtgedip bilerdim. Belki-de meniň özümden görelde alyp, tutuş maşgalam özgererdi. Olaryň meni goldamagy, ruhlandyrmagy belki-de ýurdy özgertmegime mümkinçilik dörederdi. Kim bilýär, belki-de şeýdip-şeýdip bütin älemi üýtgedip bilerdim…».

Köp adamlara mahsus bolan nogsanlyklaryň biri şunuň ýaly düşünjeler. Durmuşdan we özgelerden zeýrenýän ynsanlar, olaryň has gowulyga tarap özgermegini isleýän ynsanlar, özlerini ünsden düşürýärler. Olar daş-töweregini gurşap alan garma-gürmeligi sazlaşdyrmak, düzgün-tertibe salmak isleýärler, emma özlerini welin unudýarlar. Özgeleriň gowulyga tarap üýtgemegini isleýänler ilki bilen özleriniň has gowy bolmagy üçin yhlas etselerdi, bu iş has ýeňil we has çalt amala aşardy. Çünki olar öz hereketleri bilen beýlekilere görelde bolardylar. Üstesine, beýlekiler hem onuň isleg-talabyna laýyk jogap bererdiler. Gel, onda bu döwletli tutumy hut şu ýerden – özümizden başlaly!

*Özüň bol*

«Älemiň dilinden düşmejek özgerişlik sen bol». Mahatma Gandiniň bu sözlerini biz öwran-öwran gaýtalaýarys. Sen bu dünýä nähili ýagşy häsiýetleri ýaýratmak isleýän bolsaň, şol häsiýetler ilki

bilen özüňde bolsun. Şol häsiýetler äleme senden çogup çyksyn. Älemiň nusga alýany sen bol! Diliňden öňürti daşky keşbiň, sypat-syratyň we bitirýän amallaryň seniň kimdigiňi dünýä ýaýsyn dursun. Özüňi alyp barşyň, bitirýän işleriň, çekýän zähmetiň, hereketleriň bilen özgerişligiň altyn nusgasyna öwrül. Özgerişligiň düzgünlerini älem-jahana sen ýaýrat. Goý, şol asylly gylyk-häsiýetleriň dünýä ýaýraýan merkezi sen bol. Beýle diýsek, hiç kese asla üns bermän, diňe özüňi özgert, özüň bilen bol diýdigimiz däl. Esasy zat, özgelerde haýsy ýagşy häsiýetleriň bolmagyny isleýän bolsak, şol häsiýetler ilki bilen biziň özümizde bolsun. Başgalardan edýän tamamyzyň mukdary özümizi alyp barşymyzdan artyk gelmesin. Ikisi sazlaşykly, utgaşykly gitsin. Şeýdilende her iki tarap bu asylly ýolda birek-birege ýardam-arka bolýar gidiberýär. Şeýle bir şygyr setirleri bar:

«Özgelere öwüt berýän, eý, ynsan,
Şol öwüdi özüňe hem ber.
Gel, şony ilki bilen özüňden başlaly,
Hötde gelip bilseň, sen bir hekimsiň».

Ine, biz ilki özümizden talap edip bilsek, özümizi has gowulyga tarap özgerdip bilsek, onda aýdan sözlerimizi diňlärler, bizden nusga alarlar, biziň täsirimiz köpe ýaýrar…

*Şu ýerden we şundan başla!*

Dünýäniň gurluşyny, durmuşyň dowam edişini has gowy usulda üýtgetmek islesek kimden başlamaly? Iň oňat başlangyç, ýüz görülýän aýna seredeniňizde kimi görýän bolsaňyz, hut şondanam başlaň.

Eger-de ertirimiziň kir-kimirsiz, päkize we nurana bolmagyny isleýän bolsak, onda şu günden, hut şu pursatdan başlap, durmuşymyzyň we düşünjelerimiziň ýüzüne ýokaşan tegmilleri, nogsanlyklary, aýyplary aýyrmagy özümize borç edineliň. Nogsanly ýerlerini kämil edeliň, säwlik-hatalaryny düzedeliň. Özi hem heniz özgelere maslahat bermänkäk, özgeleriň şeýle gopmagyny tama etmänkäk, ilki özümizi şol düzgüne girizeliň. Özüni düzedip bilýän adam özgelere hem täsirini ýetirip bilýändir.

*Hereket et:*

*1. Özgelere «ýaman» diýmegiňi bes et.*

*2. Öz nogsanlygyň, bärden gaýdýan ýa-da öte geçýän häsiýet--hereketleriň hakda mazaly pikirlen we olardan halas bolmagyň alajyny et.*

*3. Şahsy nogsanlyklaryňy, edýän işiňde goýberýän kemçilikleriňi öwren we olary düzetmäge çalyş.*

*4. Şol ýagşy amala ilkinji meýletinleriň biridigiňi aýan et we şondan soň beýlekileriň hem saňa eýermegi üçin gaýrat et.*

***

## SENIŇ GELJEGIŇI BILÝÄRDIM...

Tom we onuň süýtdeş dogany ikisi-de gyzgalaňly söweşleriň birinde duşmana gaýtawul berip ýördüler. Dartgynly pursatlaryň birinde Tomuň dogany agyr ýaralandy, özi bolsa aman-esen sypyp bildi. Tom we onuň ýoldaşlary bir buky ýere özlerini atyp, demini dürsemäge durdular. Az-kem seri durlanan Tom gidip, doganyny gözlemäge goşun serkerdesinden ejaza sorady. Ýöne serkerde mundan çürt-kesik boýun towlady: «Tom, ýalňyşmaýan bolsam, hälki dartgynly pursatlarda seniň doganyň heläk bolandyr. Gowusy, özüňi hem heläkçilige iterme. Janyňy nähak ýere orta goýma». Tom serkerdesiniň bu gadaganlygyna bakmazdan, öz islegini erjellik bilen gaýtalap, talap etdi durdy. Serkerde esgeriniň bu üznüksiz talabyna ahyry razylyk berdi. Tom söweş bolan ýere dolanyp geldi. Ol duşmana görünmezlik üçin elde baryny edýärdi. Tom ahyry doganyny gözläp tapdy. Agyr ýaralanan dogany soňky demini sanap ýatyrdy. Tom doganynyň ýanyna bardy we ony gujagyna gysdy. Köp wagt geçmänkä hem dogany şol ýerde – Tomuň gujagynda amanadyny tabşyrdy. Tom yzyna dolanyp gelende serkerde ondan agasynyň halyny we ýitigini tapyp-tapmanlygyny sorady. «Gideniňe görä, yhlasyň ýerine düşdümi? Doganyňy görüp bildiňmi? Janyňy gaty töwekgelçilige sokýarsyň, Tom. Ýeri, doganyňy getirdiňmi?» diýip, serkerde sorapdyr.

Tom oňa: «Ýok, serkerde, doganymy getirip bilmedim. Oňa derek men onuň umydyny ödedim. Onuň menden garaşan zadyny ýerine ýetirdim. Süýşenekläp, doganymyň ýanyna baramda we ony elime alyp, gujagyma gysamda, doganym maňa: «Tom, men seniň geljegiňi bilýärdim, seniň geljegiňi duýýardym…» diýdi…

Umydy ödemek hem iň uly sylag ahyry... Dogany Tom hakynda ýagşy pikirde bolupdyr, onuň geljekdigine, özüni idejekdigine ynanypdyr. Tom hem doganynyň umydyny puç etmändir. Şu kyssany okanym bäri, bir sowal bagrymy byjyklap, hiç ynjalyk berenok. «Il-gün biz hakda nähili pikir edýärkä? Il-gün biziň nähili hereket etmegimizi isleýärkä?».

Beýleki adamlar biz hakda hemişe ýakymly we gowy pikir edýän bolsalar, olar bizden hemişe ýagşy bir işe ýa-da ýagşylyga garaşýan bolsalar, bizde arassa we asylly ahlak sypatlaryny görýän bolsalar, bizden beýik işleri, belent häsiýetleri towakga edýän bolsalar, bu örän oňat ýagdaý. Mundan has oňady bolsa biziň şol ynamlary, umytlary ödäp bilmegimiz. Gel, men saňa birnäçe sowal bilen ýüzleneýin:

1. Pikirleriňiz gabat gelmedik halatynda özgeler sizden nämä garaşýar?

2. Gaharyňyz gelende, özgeler sizden nämä garaşýar?

3. Uly üstünlige ýeteniňizde, özgeler sizden nämä garaşýar?

4. Beýlekiler agyr derdi-bela uçranlarynda, olar sizden nämä garaşýar?

5. Gaýgy-alada çümen wagtyňyz, özgeler sizden nämä garaşýar?

6. Size mätäçdiklerini ýaňzydan wagtlary, özgeler sizden nämä garaşýar?

7. Beýleki ýagdaýlarda özgeler sizden nämä garaşýar?

Eger-de olaryň senden garaşýan tamasy göwün göterjek bir zat bolmasa, onda indiki berjek sowallarym saňa hökmanam däl. Iň gowusy sen ilki bilen özgeleriň sen hakdaky pikir-garaýyşlarynyň has gowy bolmagyny gazan. Yhlas et. Bu olara däl, ilkinji nobatda seniň

özüňe gerek. Seniň özüňe ähmiýetli. Özüňe peýdaly. Beýlekiler bize gör, nähili päk niýet, ýagşy umyt, ynam we ylham beriji umytlar bilen bakýandyr.

Eger-de olaryň senden garaşýan tamasy gowy bolsa, onda indiki sowala geçeli:

Sen, çyndanam, özgeleriň sen hakda edýän ýagşy pikirlerine mynasypmyň? Degýärmiň, ödeýärmiň?». Muňa nähili jogap berseňem, hawa ýa-da ýok diýseňem, saňa bir maslahat bermekçi, biz öz edýän asylly işlerimiz, ýagşylyklarymyz bilen özgelerde özümiz hakda has süýji we ýakymly garaýyşlary döretmäge yhlas etmelidiris. Ine, durmuşymyzy we hemmeleriň durmuşyny süýjetjek sebäpleriň biri hem şudur.

*Hereket et:*

*1. Senden üýtgeşik tama etmeýän adamlar hakda oýlan we nähili işleri bitireniňde olarda hem ýakymly täsir galdyryp biljekdigiňi öwren.*

*2. Sen hakda ýagşy pikir, umyt edýän adamlary kesgitle we olaryň umyt-tamalaryny, towakgalaryny has kämil bitirmek üçin jan et.*

***

## ULY ÝÜREK

Orta mekdebiň soňky synpynda okaýan Brus birdenkä agyr derde ýolukdy. Onuň elleri hem, aýaklary hem şel açdy-da, hereket edip bilmez hala düşdi. Ol diňe kellesini we barmaklaryny gymyldadyp bilýärdi. Muňa garamazdan, ol orta mekdebi üstünlikli tamamlap, uniwersitetleriň birine okuwa girdi. Uniwersitetde okaýan döwri hem hiç kimse Brusyň nämedir bir zatdan zeýrenýändigini, şikaýat edýändigini görmedi. Gaýta, onuň gursagy maksada okgunlylyk bilen güýç-gaýratdan dolup-daşýan ýalydy. Şadyýan hem degişgendi. Dostlary ol hakda söz açanlarynda: «Kellesiniň içinde ullakan akyl bar. Gursagynda ullakan ýüregi bar» diýişýärdiler. Günleriň birinde dostlarynyň biri ondan şikaýat edere, zeýrenere köp sebäbiň bardy-

gyna garamazdan, bu güler ýüzlüligiň, umytlylygyň, ruhubelentligiň syry-sebäbi hakda sorady. «Ikisinden birini saýlamaly boldum. Durmuşymyň galan bölegini ýa agy-perýat edip geçirmelidim. Ýa-da bu ýagdaýymy boýun almak bilen öz maksatlarymy hasyl etmäge ymtylmalydym. Oňyn we işjeň herekete dowam etmelidim». Brus ikinji ýoly saýlap alypdyr. Zeýrenmän, nalaman ýaşamagy, öz ýagdaýyna düşünip, kaýyl bolup, hereket etmegi ileri tutupdyr. Ol ýylgyrmagy we umytly bolmagy eý görüpdir. Hereket etmegi we zähmet çekmegi, amal etmegi saýlapdyr. Brus uzak ömür sürmedi. Ol otuz bir ýaşynda gözüni müdimilik ýumdy. Ýöne onuň teni sowasa-da, köplere nusga bolan özüni alyp barşy gursaklarda mekdep bolup ýaşaýar. Onuň galdyran mirasy hemmelere peýdaly. «Brus mejalsyz göwresini alyp gitse-de, ägirt uly düşünje baýlygyny miras goýup gitdi. Onuň durmuş meýdanynda galdyran barmak yzlaryny her kim öz durmuşynda peýdalanyp biler» diýip, Brusyň dostlarynyň biri ýatlaýar. Brus diňe bir öz durmuşynda peýda bolan adamlara däl, eýsem, onuň bilen bagly durmuş hekaýatyny okanlaryň hemmesine-de täsir etdi. Hemmeleriň kalbynda öz yzyny goýmagy başardy. Ol ýagdaýlaryň nähilidigine garamazdan, asla zeýrenmeli däldigi, bela-beterler gara bulut deýin başyňy gaplanynda hem agy-iňňildä per we ser bermeli däldigi, takdyr-täleýi, ýazylan kysmaty kaýyllyk bilen kabul edip, ýagşy maksatlar, süýji umytlar bilen öňe hereket etmelidigi, işjanly, maksada okgunly, ruhubelent bolmalydygy hakdaky habary ýaýdy. Onuň uly akly bardy, ol akly agyr-kyn pursatlaryň hiç biri-de birjik-de garjaşdyryp bilmedi. Onuň beýik ýüregi bardy, ol ýüregi agyryly, gözgyny hal-ýagdaýlaryň, hadysa-wakalaryň hiç biri-de ejizledip bilmedi. Ol ýaşaýşy zeýrençdir nalalaryň arasynda däl-de, durmuşyň her pursadyndan lezzet alyp durmuşyň her sagadyny peýdalanyp ýaşamalydygy hakdaky çagyryşdy.

Zeýrençsiz 24 sagat. Ine, biziň berjek teklibimiz. Çynlakaý synanyşyp göreliň. Öňümizdäki 24 sagadyň dowamynda hiç zatdan zeýrenmän, hiç kimsä käýinmän, durmuşdan nalaman, ýagdaýlardan

nadyl bolman ýaşap göreliň. Gujur-gaýratly, ynamly we dogumly, işjanly we umytly hereket edeliň. Duş gelen her bir ynsanyň kalbynda ägirt uly hoşallygy, ýakymly täsirleri miras goýalyň. Has dogrusy, bu meniň teklibim däl. Bu sözler Brusyň ýazyjy dostunyň teklipleridir.

*Hereket et:*
*Öňümizdäki 24 sagady hiç kimden we hiç zatdan zeýrenmän geçirjekdigiňi pugta ýüregiňe düw.*

***

## HAÝYR DÄNELERI

«Kalbyň çuňluklaryna aralaş, onuň içinde haýryň däneleri gömülendir. Her gezek ýüregiňi açdygyňça, içine çümdügiňçe, haýyr däneleri hem has köp ýüze çykmak bilen bolar».

Her birimiziň kalbymyza ýagşylygyň tohumlary sepilen. Ýöne onuň üstüni örtüp duran inçe-ýogyn gatlaklar bar. Köwläberseň, şol gatlary aýryberseň, ahyr soňunda ýagşylyk dän

eleriniň üstüni açýarsyň. Ana, şondan soň ýagşylyk şeýle bir boý alýar, oňa ideg-esewan etdigimizçe, ol pür-pudak ýaýradyp, ajaýyp miwelerini berip başlar. Size çypbakaý-çynymy aýdýaryn, şu sözlerimde hiç galatlyk we çişirme ýokdur. Kimdir biriniň göwnüne degýän bolsak ýa-da ynjydýan bolsak, biziň kalbymyzda ýagşylyk tohumlarynyň ýokdugyny aňlatmaýar. Ilki bilen onuň kalbymyzda bardygyna ynanmagymyz gerek. Ilki ony saklaýan böwetleri, perdeleri köwläp aýyrmaly. Soňra ony ýeterlik üns-alada bilen gurşamaly. Ýüreklerimize ynjalyk we rahatlyk salyp biler ýaly derejede oňa ideg etmeli. Şol ýagşylyk tohumlary bilen özgelere mähir-muhabbet, haýyr-yhsan paýlamaly. Geçirimlilik etmegi, bagyşlap bilmegi esasy häsiýetimize öwürmeli. Käteler başgaça görünýändigine garamazdan, bizi gurşap alan her bir adamyň kalbynda hem hut şunuň ýaly ýagşylyk tohumlarynyň bardygyny bilmegimiz, ynanmagymyz gerek. Eger olar hem birbada bu däneleriň üstüni köwläp, açyp bilmedik bolsa-

* 14. Sargyt № 975

lar, olar häzirlikçe biziň olara düşünmegimize, olara mähir-mylakatly garamagymyza, olara gadyr-hormat goýmagymyza mätäçdir. Olar biziň hoşamaýlygymyza, sabyr etmegimize mätäç. Biz özümizden bitýän hereketleri etsek, olaryň kalbyndaky ýagşylygyň hem mäkäm kök urup, ösüp çykjakdygyna, hemmelere haýyr miwelerini eçiljekdigine şek-şübhe ýok.

Bar zatdan ähmiýetlisi biz ilki bilen öz kalbymyzdaky ýagşylyk dänelериniň boý almagy üçin yhlas etmeli. Ýagşylygyň haýyrly miwelerini ilki bilen biz eçilmeli. Ýagşylygyň iň lezzetlisi, iň datlysy hem şu ahyry – ýagşylygy ilki özüň etmek.

***

## SUWUŇ ZAÝALANMAZLYGY ÜÇIN...

«Suw akman dursa, onuň zaýalanýandygyny gördüm,
Syýahat etse sag ol, dursa durşuna sökel.
Şir hem gowagyny ýassanyp ýatsa, aw edip bilmez,
Peýkam ýaýdan aýrylmasa, nyşana degip bilmez».

Suwy zaýalaýan zat – onuň akman, hereket etmän, bir ýerde saklanmagy. Hereket etdigiçe, akdygyça, suwuň tagamy hem, ýokumy hem juda gowy bolýar. Ýolbarslar hem hut şeýle, gowagyndan, süreninden çykman ýatsa, awunyň yzynda ylgamasa, hiç zat gazanyp bilmez. Şir bolsa-da, rysgy ýatan ýerinde agzyna gelmez. Peýkamyň ujy her näçe ýiti bolubersin, ýaýdan aýrylmasa, uzaga atylmasa, hereket etmese, nyşana degip bilmez. Hatda degmek beýle-de dursun, hereket etmese, golaýyna-da baryp bilmez. Ynsan hem edil şular ýaly, yhlas-hereket etmese, bilini bek guşamasa, bir ýerden başga ýere ýöremese, ýönelmese, jan we tagalla etmese, onuň akly-da, kalby-da bulanyp, harlanyp başlar we durmuşda hiç wagt maksadyna ýetip bilmez.

Durmuş hakda ýazylan kitaplardan, aýdylan sözlerden, hikmetli depderlerden belläp alan we gaýta-gaýta ýatlaýan şu sözlerimi seniň bilen paýlaşaýyn.

Hereket et... Hereket edýärkäň, belki-de bir ajaýyp zadyň üstünden basarsyň. Duran aýagyň täze bir zadyň üstünden basandygyny eşitmersiňiz.

Dogry ýoldan ýöräp barýan hem bolsaň..., otursaň..., aýaklaryň üýtgeşik zat basmaz, gaýta gurşup galar.

Hereketsiz göwre hemişe hereketsizlige, mejalsyzlyga ýykgyn eder. Hereketli göwre hemişe hereketlilige, janlylyga ýykgyn eder.

Hereket, hereket, hereket...

Gaýrat, tagalla, janypkeşlik...

Dek durma, ýaýdanma, biagyry bolma, ýaltanma, köp ýatma...

Ine, aýtmak isleýän zatlarymyz şulardan ybarat. Hereketlilik biziň durmuşymyzy özgerdýän esasy güýç. Ýaýdanmak, ýaltanmak ýaly häsiýetler hereketiň öňüne böwet bolmasyn. Sähel salymlyk şowsuzlyklar hereketi togtatmasyn. Saňa iki sany wakany gürrüň bereýin.

*Ol ýerde umyt bar…*

Dostlarymyň biri hemişe hemme zatdan nägile bolar ýörerdi. Durmuş wakalaryndan, her dürli ýagdaýlardan, amatly pursatlaryň döremeýänliginden, iş tapmaýanlygyndan, ondan, mundan, senden, menden… Bir gün oňa bildiriş berilýän gazetleri getirmegi we hödür edilýän işler bilen gyzyklanmagyny maslahat berdim. Soňra iki bolup dükanlara, bazarlara aýlandyk. Nirede nähili bildiriş bar bolsa, ählisiniň belgilerini belläp aldyk we habarlaşyp başladyk. Şeýle günleriň birinde ol göwün diýýän işiniň üstünden bardy. «Synanyşmakdan ýitirýän zadymyz ýok» diýip, maslahat etdik-de, şol ýer bilen habarlaşdyk. Gitdi, gürleşdi, işiň talaby we zähmet haky bilen gyzyklandy, ýörite synaglaryny tabşyrdy. Gaýdyp geleninde işe kabul ediljekdigine birjik-de ynamy ýokdy. Ýene-de öňki bolşy ýaly umytsyz we göwnüçökgündi. Aradan köp wagt geçmedi. Şol edaradan gelen hat dostumyň işe kabul edilendigini habar berýärdi. Häzir dostum şol edarada uly wezipelerde abraý bilen işläp ýör. Özümize sowal bereliň, eger-de dostumyz hiç hili hereket etmän, ugruna çykman, şol bir duran ýerinde saklanan bolsa,

hereket etmäge derek zeýrenip, nalap, özünden gaýry hemme zady ýazgaryp ýörenliginde şu zatlar amala aşarmydy?

Şeýle wakalaryň ýene birini gürrüň bereýin. Bu dünýäbelli bir restoran eýesiniň başyndan geçen wakalar. Ol özüniň oýlap tapan täze tagamlaryny hödürläp, ýany bilenem iş sorap, müň sany restorana ýüz tutupdyr. Emma hiç restoran onuň islegini kanagatlandyrmandyr, teklibini hem, özüni hem işe kabul etmändir. Ýöne durmuş dowam edýär. Müň gezekde bolmandygy onuň asla bolmajakdygyny aňladanok. Ol şondan soňam ýan bermändir. Göwni isleýär, ýüregi atygsap dur. Soňam onlarça ýere ýüz tutupdyr, ukyp-başarnygyny teklip edipdir. Ahyry hem bir restorana işe kabul edilipdir. Ilki şol ýerde işläpdir, özüni görkezipdir. Häzir bolsa uly bir restoranyň eýesi bolup otyr.

Örän köp adamlar öz hereketlerine, ukyp-başarnyklaryna özleri çäk goýýarlar. Bir ýa-da iki gezek synanyşyp görýärler, ugrugybermese, umytdan düşüp, lapykeç bolup, indiki hereketlerden elleri sowap galyberýär. Hereket etmekden saklanýarlar. Şeýle adamlar bilen birje pikiri paýlaşasym gelýär: «Hereket ediň, ýagşy pursatlar alnymyzda. Hereket ediň, has gowy günler entek öňümizde. Hereket ediň, bikär we gamgyn oturmakda, ömri bimany ötürmekde nä haýyr bar?».

Durmuşdaky ençeme ýagdaýlar hereket eden ýerimizde bir netijä ýetendigimizi tassyklar durar. Hut özüm hakda aýtsam, durmuşymda iň köp säwlik goýberen ýerlerim, haçanda bir-iki synanyşykdan soňra, hereket etmegi däl-de, işe berilmän oturmagy ileri tutan pursatlarymdyr. Ana, şol ýagdaýda men has köp hata goýberýän ekenim. Ýadamakdan çekinip, özümi rahatlyga, arkaýynlyga beren çagymda nebir pursatlar elden gidip, ajaýyp pursatlar zaýalanyp, ýitip gidýän ekeni, gaýta has beter şowsuz bolýan ekeniň.

Hereket et, hatda durmuşyň asuda-endigan, hemme zat ýerbe-ýer bolsa-da, hereket et. Täze zatlary öwren. Has ajaýyp işleri bitirmäge pursat ara. Täze hünärlerde, täze ugurlarda synanyş we kämilleş. Täze gatnaşyklary ýola goý. Aýaklaryň täze zatlary basýança dek durma, arkaýyn bolma, hereket et. Durmuş tigrinden düşýänçäň hereket et, he-

reketde bol. Belki-de, maksatly we ynamly ädilýän gadamlaryň seni has ajaýyp, has abadan, has belent bir ýerlere elter. Saňa ähmiýetli ýerlere elter. Ýa-da dostuňa öwrüljek bir kämil şahs bilen gabatlaşdyrar. Ýa-da miwesini ýoljak, hözirini görjek pursatlaryň bilen ýüzbe-ýüz eder.

*Hereket et:*

*1. Has işjanly we has köp hereket etmegiň ýollaryny kesgitle, planyny çyz.*

*2. Gereginden artyk uka berilýän bolsaň, ukynyň sagat sanyny azalt. Kadaly ýatmaga endik et.*

*3. Bimany zatlara sarp edýän wagtyňy peýdaly zatlara harçlamaga çalyş. Wagt iň gymmatbaha puldur. Ony nämä harçlaýandygyňa üns ber – peýdaly zatlara sowýarmyň ýa-da juda bimany zatlara?*

***

## GOWUSYNDAN GOWUSY

Amerikada basketbol toparynyň bir tälimçisi ogluna hem-de oýunçylaryna kämillik, ajaýyplyk, gowulyk hakda gaýta-gaýta berk sargar ekeni: «Haçandyr bir gün has gowy bolaryna garaşmaň-da, hut şu pursadyňyzyň has gowy bolmagy üçin çalşyň».

Tälimçi haýsydyr bir has möhüm ýaryşyň has tapawutly, has çekeleşikli, has ýatda galyjy bolmagy üçin garaşman, her günki ýaryşlaryň, türgenleşikleriň has gyzykly, has ajaýyp bolmagy üçin yhlas etmelidigini pugta ýatladar ekeni. Olara has ähmiýetli we has çuňňur zady düşündireninden soňra, hatda uly üstünlik gazanylmadyk her bir güni hem has gowy geçirmeklerini ündär ekeni. Her birimiz her günümizi ajaýyp etmegiň hötdesinden gelip bilýäris. Her birimiz muny başarýarys. Her gün özümizi begendirjek, göwnümizi hoşal etjek köp işleri bitirip bilýäris. Beýleki adamlary begendirjek, hoşuna gitjek, maňzyna batjak, tüwelemesine we alkyşyna eýe etjek ýagşy ahlak-häsiýetlere bürenip bilýäris. Başlan işimizi doly we kämil berjaý etmegi başarýarys. Haýyr-yhsan, ýagşylyk, sahawat

edip, perwerdigäri razy etmegi hem başaryp bilýäris. Beýlekilerde özümiz hakda ýagşy pikirleri kemala getirdip bilýäris. Öňümizde ýagşy işleriň niýetini düwüp, maksadyny goýup, olara amal edip, günüň ahyrynda bitiren işlerimize şükür edip, asuda, ynjalykly göwün bilen hoş hal we bagtyýar halda uka batyp bilýäris. Çünki biz bir günümizi iň ajaýyp şekilde ýaşadyk ahyry.

*Hereket et:*

*1. Öňüňde aýdyň bir meýil goý, nämeler edeniňde şol günüňi has ýatda galyjy, has ajaýyp edip bilersiň? Şol işi bitireniňde şol günüňi has ajaýyp etjek işleriň çyzgysyny çek.*

*2. Şol günüňi şeýle geçir we soňra şol günüň ahyrynda düşege geçeniňde nähili rahat duýgulara hemra bolandygyňy biz bilen paýlaşmagy unutma.*

***

## SENIŇ BAHANAŇ NÄME?

«Mümkinçilik köpeldigi saýy iş etmezlige hem şonça bahana tapylýar». Haýsy kitapdan okandygym ýadyma düşenok, ýöne bu jümläniň köp adamlar babatda rastdygyny welin, ýüz görmän aýdyp biljek. Başgalary mysal getirmän, hut özüm hakynda aýtsam, ilki-ilkiler bu meniň özümde hem agdyklyk edýän häsiýetleriň biridi. Dura-bara bahanalara duwlanmak endigimden saplanyp başladym. Her gezek iş etmezlige bahana tapylanda, öňümde bir şerti keserdip goýdum: «Durmuşda üçünji ýol ýok. Iki ýol bar. Birinjisi – bahana, ýagny bahanalara duwlanmak we hiç zat etmezlik, hiç zat gazanmazlyk. Ikinjisi – netije, ýagny iş etmezlige ýeterlik bahana bar ýaly hem bolsa, oňa asla ýüz bermän, işiň netijesine gyzykmaklyk we işi dowam etmeklik». Ýa netije, ýa bahana. Men netijäni saýlap aldym we bahanalary terk edip başladym. Käteler uzakly günki işden ýa-da duýdansyz peýda bolan aladadan ýaňa beýnim ýarylara gelse-de, öňümde maksat edip goýan işlerimi hökman ýerine ýetirýärin. Mysal üçin, her gün ýatmazymdan

ozal kitap okaýaryn, ýogsam käbir günleriň aladasy, argynlygy «beýdip özüňi köseme, bu gün ýat-da, dynjyňy al. Ertir iki paý okaýarsyň» diýip, gulagyma pyşyrdap durýar. Ýöne meni bahanalar gyzyklandyrmaýar. Meni diňe netije gyzyklandyrýar.

Tanymal ýazyjy Jon Fobuň «Seniň bahanaň näme?» atly bir gowy kitaby bar. Adatça, şeýle mazmundaky kitaplarda her ýazyjynyň öz durmuş ýoly, gören kynçylykdyr görgüleri, gelen netijeleri we okyjylara hödürleýän maslahatlary orun alýar. Käte bolsa, hatda, özleriniň ömründe etmedik, ýerine ýetirmedik, ýöne dogry-makul saýan zatlaryny hem maslahat berýärler. Emma Jonuň bu kitaby başga hörpden gopýar. Ol arzuw-isleglerimizi amal etmekden alyp galýan bahanalarymyz hakda soraýar. Bahana duwlanmagy düýpgöter terk etmegi maslahat berýär. Bahanalara daýanmagy endige öwürmeli däldigini berk sargaýar we bahanalardan gaça durmagy talap edýär. Şu mowzukda söz açýan kimdir birine ynanmaly bolsa, onda şu awtora ynanmagymyz gerek. Kimdir biriniň pikirine eýermeli bolsa, onda ýene-de Jon Fobuň pikirlerine üns bermegimiz gerek. Sebäbi Jon Fob dünýä inende iki goly bolmadyk, kemis perzent bolup inipdir. Emma ol durmuşyň öz öňünde keserden bu päsgelçiligini ýeňip geçmegi başardy. Ejizläp, bahana duwlanyp, ýan berip oturmady. Döwrüniň iň meşhur we tanymal söz ussatlarynyň, suhangöýleriniň biri boldy. Biz şeýle adamlaryň işleýşinden, geljegi isleýşinden nusga almaly. Durmuş ýüküni mertlik bilen çekmeli bolanymyzda hem-de arzuw-umytlarymyzy amala aşyrmakda, maksatlarymyzyň ugrunda ylgamaly, yhlas etmeli bolanymyzda hergiz bahana duwlanmaly däldiris. Arzuw-umytlaryň sesine, üstünligiň çakylygyna oňyn jogap bermegimiz gerek.

*Ýeri, seniň bahanalaryň nähili?*

Ýüregiňdäki süýji arzuwlary, gursagyňy ylhamdan yaňa ýarara getirýän beýik maksatlaryňy amal etmekden alyp galýan nähili bahanalaryň bar? Seniň ýalňyşlaryňa we säwlikleriňe, şowsuzlyklaryňa jogapkär bolan ol bahana şemleri nähili zat? Heniz bu bahanalaryňy

sanap, saldarlap ýetişmänkäň, men saňa başga bir sowal bilen ýüzleneýin. Psiholog lukmanlaryň biri ýörite synag geçirip görüpdir. Ol öz hassalarynyň durmuşdaky şowsuzlyklary we ony nähili kabul edişleri hakda gürrüň bermegini sorapdyr. Hassalaryň her biri lukmanyň ýanynda içini döküpdir. Şeýle bir saýrapdyrlar, şondan soň olary basmarlap duran agyr güýç hem bir ýana aýrylyp giden ýaly bolupdyr. Akyllary durlanypdyr. Göwünleri ynjalyk tapypdyr. (Iç döküşmäge bir adamyň tapylmagy hem ykbalyň sowgadydyr. Sizi üns bilen diňleýän we size düşünýän, siz bilen pikir alşyp bilýän adamlar bar bolsa, olardan daşlaşmaň. Şeýle adamlara hemişe ýakyn boluň). Hassalar ýüreklerini gowzadanlaryndan soňra, lukman olara özleriniň arzy, bahanasy ýazdyrylan kassetany diňledipdir. Olaryň käbiri, hatda köpüsi bu kassetany diňlänlerinde, onuň diňleýjä örän uly agram salýandygyny, ters täsir edýändigini duýupdyrlar. Üstesine, bahana hökmünde aýdan zatlarynyň dile çolanyňa degmeýän bir hokgadygyny hem boýun alypdyrlar. Öz seslerini, zeýrençlerini olaryň özleriniň hem diňläsi gelmändir.

Daş-töweregiňe we özüňe gara. Arzuw-islegleriňi, maksatlaryňy gözden geçir. Berjaý etmezligiňe nähili we näçe «böwet, päsgelçilik» görýän bolsaň, bu bahanalaryň hemmesini birin-birin belläp al, kagyza ýaz. Soňra başga biri saňa şol zatlary gürrüň berýän ýaly göz öňüne getir. Şol ýagdaýda sen olara näme maslahat, neneňsi ýol-usul salgy bererdiň. Hut şol maslahaty hem ilki özüň ýerine ýetirip başla.

*Men – güýç:*

Uly üstünlikler gazanan, öňde goýan arzuw-maksatlaryny amal eden hünärmenleriň biri özi hakda söz açanda «men – güýç» diýip ýatlaýar. Ýogsam, ol hem durmuşynda kän kynçylyklary gören, kötel ýollardan, dartgynly pursatlardan ýeterlik paýyny alan adam. «Men –güýç» diýen durmuş şygaryny bolsa şeýle düşündirýär: «Men – güýç. Öz durmuşymyň serkerdesi – özüm. Nirede nähili hereket etmelidigimi diňe özüm çözýärin. Şahsy bagtyýarlygyma-da, şahsy şowsuzlygyma-da diňe özüm jogapkär. Durmuşymy haýsy tarapa sow-

malydygym, nirä ugrukdyrmalydygym diňe Özüme bagly. Durmuşymy men ugrukdyrýaryn, durmuş meni ugrukdyrmaýar. Men ömür kerwenindäki hiç zada ygtyýary bolmadyk ýönekeý bir ötegçi däl. Men ömür kerwenimiň kerwenbaşysy».

Şu sözleri bizem özümize pyşyrdamagymyz gerek. Şu hakykatlara biziňem ynanmagymyz gerek. Ähli bahanalary ýeňsämize taşlap, üstünlik serpaýlary häzirlenip goýlan durmuş ýollaryna bahanasyz dowam etmegimiz gerek. Durmuş menzillerini külterlänimizde we arzuw-isleglerimizi amala aşyrmak üçin çynlakaý girişenimizde bahanalara durmuşymyzdan orun bermäliň. Bahanalar bizi aldamasyn, maksadymyzdan alyp galmasyn.

*Hereket et:*

*1. Arzuw-maksatlaryň hasyl bolmagyna böwet bolýan bahanalaryňy, sebäpleriňi seljer.*

*2. Şol bahanalaryňy gaýta-gaýta gözden geçir we hakykata bap gelmeýänlerini ilki bilen çyzyp aýyr. Hakykatdan saklap duran bahanalar hakda biraz oýlan.*

*3. Durmuşyňy täzeden ýaşap başla. Gaýtadan gaýrata gal we bahanalara öz durmuşyňdan gaýdyp orun bermejekdigiňi ýüregiňe düw, bir karara gel. Öz durmuşyň serkerdesi özüň bol, ol ýerdäki adaty bir ötegçi ýa-da kerwene saý-sebäpden daklyşan bir pyýada bolma.*

***

## BIR ÝYLDAN ÖMRÜŇ PAÝAWLAR...

Birdenkä lukmanlar seniň bir agyr derde ýolugandygyňy (Hernä, Hudaýym, beýle günleri görkezmesin, hemmämize jan saglygyny, baş bitinligini nesip etsin) we bir ýyldan ömrüň paýawlajakdygyny ýaňzytsalar, sen nähili duýgulary başdan geçirersiň we haýsy amallary bitirmegi has ileri tutarsyň?

Bu zatlar hakda biraz pikirlenip ýetişenem bolsaň, gel onda men saňa hut şeýle ýagdaý bilen ýüzbe-ýüz bolan bir adam hakda gürrüň bereýin. Antoni atly kyrk ýaşlaryndaky birine lukmanlar agyr derdiň diagnozyny goýupdyrlar: «Sen bir ýyldan uzak ýaşamarsyň». Antoni asla garaşmadyk bu habaryna birbada oýurganyp dursa-da, ol özüni ýitirmändir. Derdiniň öňünde ejizlemändir, ýan bermändir. Antoniniň öňki işi o diýen göwün gandyryjy, düşewüntli hem däl ekeni. Antoni aýalyna we çagalaryna bir gowy ýatlama galdyrasy gelipdir. Ol bir agyr dert bilen barlyşyksyz göreşe girýändigini hem ünsden düşürmändir. Antoni özüniň ähli ukyp-başarnyklaryny gözden geçiripdir. Çagalygyndan tä şol ýaşyna çenli höwes eden, meşgullanan, ýüregine düwen, ýerine ýetiren zatlaryny birin-birin ýatlanynda, özünde ýazyjylyk, ýazmak ukybynyň bardygyna göz ýetiripdir. Ýöne onuň ýazan zatlary henize-bu güne çenli hiç bir ýerde çap edilmän ekeni. Gowy, düşnükli, many-mazmunly, çeper ýazyp bilýändigine garamazdan, ýazan zatlaryny çap etdirip, gazanç-girdeji edip görmän ekeni. Antoni bir kagyz alypdyr we öňünde goýan birje maksady üçin ýazyp başlapdyr. Ol aýalyna aýdasy gelen ähli zatlaryny ýazmak isläpdir. Bu ýazjak zatlarynyň giň okyjylar köpçüligine ýaýrajakdygyna welin, asla ynanmandyr. Ýöne onuň öňünde başga saýlaw, başga çykalga barmy? Üstesine, bary-ýogy bir ýyl wagty bar… Antoni uly höwes we yhlas bilen ýazyp başlapdyr. Ol öz işine erjellik bilen berlipdir. Şeýdip, bir ýylyň dowamynda uly göwrümli bäş sany edebi eseri ýazmagyň hötdesinden gelipdir. Olary neşir etdirip, uly girdeji hem gazanypdyr. Akyldarlar aýdýar ahyry, «wagt diýeniň suw ýalydyr, ýyl diýeniň «hä» diýmänkäň geçip gidýär». Bir ýyl wagt geçipdir, ýöne Antoni amanadyny tabşyrmandyr. Dogrudanam, ol lukmanlaryň aýdýan möhletinde durmuşyny soňlamady. Ony gurşap alan agyr derdiň öjügme möwriti ötüşipdir-de, ol dert bedene zyýan bermeýän ýagdaýa geçen ekeni. Durmuş şeýle, «Sanalgyň dolmasa bir sagat öň gidilmeýär. Wagty dolsa, bir sagat gijä hem galynmaýar». Antoni

uzak ömür sürüpdir. Eline galamy çynlakaý alyp, ýazyp başlan mahalyndan bäri 70 sany kitaby neşir etdiripdir. Eger-de şol agyr dert ony ölüm bilen dikleşmäge mejbur etmedik bolsa, belki-de, Antoni özi we öz maşgalasy hakda, öz ukyp-başarnyklary hakda düýpli pikirlenmezdi.

Bu täsin durmuş wakasy bize ugur alar ýaly birnäçe ýagşy ýatlamalara hemra edýär. Ol eserden köp netije çykaryp, many alyp bolýar. Birinjisi, haýsy bir dert bolaýsyn, onuň öňünde ejizlemesek, müzzermesek, ony derdi-mähnete däl-de, miweli zähmete öwrüp bilýäris. Elbetde dertden gutulmagyň hem alajyny iýmeli. Esasy zat, ýene-de zähmete, herekete, ruhubelentlige has köp ýykgyn etsek, köp dertleri ýeňip bileris.

Ikinji bir ähmiýeti, wagtyňy bir asylly maksat, öndürijilikli zähmet bilen ötürseň, örän köp dertden üstün çykyp bolýandygyny görkezýär. Zähmete berilmek alada-ünjülerden, gaýgy-hasratlardan saplaýan, sökelliklere däri-melhem bolýan iň ygtybarly serişdeleriň, dermanlaryň biridir. Emma ýaramaz oý-hyýallara çümüp, içimizi hümledip otursak, ol keseldir dertleriň berýän zyýanyndan has beter egbarladýar. Göwnüçökgünlik ýürege, aňa we ruha bela-beterlerden hem has agyr zarba urýar. Barlyşyksyz we uzaga çeken söweşleriň birinde esgerleriň degnasy halys ýadan ekeni. Serkerde lukmanlaryň birinden nähili däri-dermanyň haýyr etjekdigini soranda, lukman bu meseläniň çözgüdi hökmünde: «Olary nähilidir bir zähmete meşgul et» diýipdir. Çerçillden «Uzaga çeken uruşlar sizi surnukdyrmaýarmy, alada goýmaýarmy?» diýip soranlarynda, ol: «Birahatlyk hakda pikir etmäge wagtym ýok» diýip, jogap beripdir.

Bu kyssa beýleki bir tarapdan öz ukyp-başarnyklarymyzy ýüze çykarmak üçin agyr-kyn ýagdaýlaryň ýüze çykmagyna garaşyp oturmalydygyny aňladanok. Öz başarnygymyzy ýüze çykarmak üçin bir agyr ýagdaýa mejbur-mübtela bolmaly diýlen zat ýok. Gyzykly durmuş kyssalaryndan many alara, netije çykarara we aýgytly ädimler üçin ylham alara zat kän.

*Hereket et:*

*1. Her derdi-mähnetde miweli bir zähmet bardyr.*

*2. Kynçylyklaryň içinde basyrylgy ýatan mümkinçilikleri gözle.*

*3. Uzak wagtlap iş etmän, bikär oturma.*

*4. Ünjä gurşalan mahalyň, peýdaly bir işe güýmen.*

*5. Şu sowala jogap ber: Bir ýyl ömrüň galan bolsa, haýsy işleri ilki bitirmek islärdiň?*

*6. Şol işleri şu pursatdan ýerine ýetirip başla. Ýene bir zady ýatlatmagymy aýyp görme, kim bilýär, belki-de ömürden ýaşamaly pursat mundanam az galandyr, bolup biler...*

***

## UGURDAŞ GAPMA-GARŞYLYK

Iki sany jümle bar. Göräýmäge, manysy boýunça biri-birine gapma-garşy, ýöne ikisi-de örän çuň manyly we üns bermeli sözler. Birinjisi «Boş oturma!» (Boşluga orun ýok!) diýen söz. Durmuşyňda boş wagt az bolsun. Käwagt boş otursaňyz, köp dynç alýan ýalysyňyz, emma ýadyňyzdan çykarmaň, boşluk has beter ýadadýandyr. Boşluk, boş oturmak ýaramaz pikirleriň gämikleýän topragydyr. Ýalňyş amallaryň, hataly ädimleriň peýda bolýan menzilidir. Boş oturmak alada-ünjüleriň artmagyna, gaýgy-gamyň has agyr labyryny atmagyna sebäp bolýar. «Zähmet hanjary bilen boş wagtyň derisini soý» diýen atalar sözi bar. Boş wagtyňy manyly wagta öwürmek we peýdalanmak üçin miweli bir amala özüňi bagyş et. Şol amallaryňda özüňem, özgelerem bolsun. Üstesine şol işleriň agramly bölegini öýde oturan ýeriňde däl-de, öýden daşarda - başga ýerde ýerine ýetirmeli işler bolsun. «Boş wagtam hemişe tapdyryp duran zat däl, olam bir nygmat» diýersiňiz, ýöne boş wagt kimler üçin nygmat? – ymykly düşünmegimiz gerek. Boş wagt şol wagty manyly bir zähmete sarp edýänler üçin nygmatdyr. Boş wagty hiç zat etmän oturyp geçirmek asla nygmat saýylmaz. Boş wagtyňy altyna öwür, peýdalan, zähmet çek, ýöne hiç zat etmän, boş-bikär oturma.

Ikinji bir söz we ýokarky mana ters gelýän gadaganlyk «Surnugýançaň işleme!». Köp adamlar iň soňky demine çenli ýadap-surnugyp, özlerini şeýle bir işe berýärler, hatda olar öz maşgalasy, çagalary bilen oturmaga hem wagt goýanoklar. Öz durmuşy, etsem-goýsamlary, maksat-myratlaryny gözden geçirmek üçinem wagt goýanoklar. Işi, tagat-ybadaty we dem-dynjy sazlaşdyryp bilmeýärler. Kär-hünär, gazanç-düşewünt tarapyna agdyk üns berýärler, emma jemgyýetçilik we din-iman taraplaryny gözden salýarlar. Şeýdibem olaryň durmuşy üznüksiz ýadawlygyň, çökder argynlygyň içinde geçip gidýär. Özlerini ösdürmek, ýaşaýyş derejesini kämilleşdirmek, has gowy durmuşda ýaşamak üçin ýeterlik derejede pikir etmeýärler. Has dogrusy, ýaşaýşyň sapasyny sürmeýärler, durmuşdan lezzet almaýarlar. Şonuň üçinem şeýle diýmeli bolýarys: **Boş oturma, ýöne halys surnugýançaň hem işleme!**

*Hereket et:*

*1. Gündelik boş wagtlaryňy hasapla we şol wagtlary nähili haýyrly işlere sarp edip biljekdigiňi öwren.*

*2. Wagtyň bir bölegini özüň, öz durmuşyň hakdaky arzuw-islegler, maksat-myratlar hakda pikirlenmäge bagyş et.*

*3. Durmuşyň ähli taraplaryny sazlaşykly, utgaşykly alyp git. Onuň bir tarapy beýleki tarapyndan agdyk ýa artyk gelip durmasyn. Öý-maşgala, iş-gazanç, dem-dynç - ählisine-de ýeterlik mukdarda wagt tap.*

***

## ŞULARY IDE

Dost-jora hakda pikirlenip görmedik hiç kimse ýokdur. «Çyn dost, ýalan dost, pikirdeş dost, ýürekdeş dost...» garaz, göwnümize ýa-da özümize ýakyn durýan her adamy dost-jora hasaplamak dogrumy? Dost saýýanlarymyz hemişe biziň şatlygymyza şärik, derdimizi deň egismäge taýýarmy? Olar özümizi bagtly duýmagymyza sebäp bolýarmy? Zehinli ýazyjylaryň biri «Bir kimsäniň öz durmuşyndan hoşaldygyny ýa-da närazydygyny bilmekçi bolsaň, onuň bankda goýan pullarynyň mukdaryny ýa-da aýlyk girdeji-düşewündini soramaň. On-

dan dostlarynyň kimdigini soraň» diýip ýazypdyr. Has irki döwürde ýaşan şahyrlaryň biri hem şu manyda şeýle belläp geçýär:

«Ýigit hakda özünden sorama, dostlarynyň kimdigini sora,
Çünki dost dostuň hut özüdir, ondan ýol-ugur alýandyr».

Çyn dostlar hakyky bagtyýarlygyň hut özi. Biziň şahsy bitewüligimizi, barlygymyzy saklaýan esasy elementleriň biri hem çyn dostlardyr. Kim bilen dost we duz-emek bolsak, gatnaşsak, islesek-islemesek, olaryň käbir gylyk-häsiýetleri hökman bize ornaşýar.

Çyn dostlugyň berýän esasy peýdalarynyň ýene biri - hakyky dostlar biziň güýç-kuwwatymyzy hem artdyrýar. Hut şonuň üçinem «Kimiň adalatly we dogruçyl dosty bar bolsa, şol adam iki esse artyk güýç-kuwwata eýedir» diýlen söz bar.

Çyn dostlar begenen pursadymyz biziň begenjimizi goşalandyrýan, şatlygymyzy artdyrýan ynsanlardyr. Gynanja çümen wagtymyz, gaýgymyzy egisýän ýagşyzadalardyr. «Şatlygyňy deň paýlaşsaň, ol artar gider. Hasratyňy deň paýlaşsalar, ol egsiler gider» diýen sözlere üns ber.

Çyn dostlar biziň her bir aýdanymyzy diňleýärler we gulak asýarlar, her sözümize üns berýärler. Uly höwes bilen dogry maslahat berýärler. Bize ýürekdeş we mährem garaýarlar. «Sizi diňleýän, gulak asýan, size ýürekden maslahat berýän adam bilen gürrüňdeş bolmak size ägirt uly şypaly güýji bagyş edýär» diýen sözi doly ödeýärler.

Ýaşaýyşda iň eziz we ýakymly zatlaryň biri bizi diňleýän, bize düşünýän, biziň ýanymyzda bolýan, biz bilen deň pikirlenýän, bizi ruhlandyrýan, beýik işlere höwesimizi oýarýan, pikirdeş we raýdaş bolýan, gaýgy-hasratlarymyzy egisýän, begenjimizi goşalandyrýan dostlarymyzyň bolmagy. Dogry, beýle dostlar azdyr, ýöne ýok däldir, çyn dost isleýänler üçin bardyr. Özlerine uzan dostluk ellerini mähir bilen gysmaga taýýar adamlar köpdür. Hemme adamlar şeýle dostlarynyň bolmagyny isleýärler, ýöne näme üçindir hemmelere çyn dost nesip etmeýär. Sebäbi, hemmeler şol dostluk goluny ilki özgeleriň uzadaryna, ilki beýlekileriň hereket ederine garaşýar. Ilkinji ädim

özümizden bolsun. Ýene bir topar adamlar bar, olar käbir adamlar bilen çynlakaý dost bolasy gelýär, emma beýleki tarap bularyň göwünden çykaran tekliplerine biparh garaýar. Hergiz umytdan düşmäň. Siziň ýürekden çykýan çakylygyňyza seslenjek, oňa oňyn jogap berjek adamlar hökman tapylar. Isle, ide, hökman taparsyň. Iş ýeriňde, okuw ýerinde, kitaphanada, medeni ojaklarda, ýaşaýan ýeriňizde siziň sadyk dostlugyňyza seslenjek adam alnyňyzda, durmuşyňyzda peýda bolar. Gözläň, hökman taparsyňyz. Birbada tapmasaňyz hem umytdan düşmäň, ýöne siz çyn dost hakdaky pikirleriňize pugta eýeriň, şeýle dostlary size ykbalyň özi sowgat eder.

Ýöne biziň häzirki dost diýýänlerimiz ýokarda ýatlanan hemme talaplary ödäp bilýärmika? Belki, sen bu sowala «ýok, ödänok» diýip, jogap bermegiň mümkin. Aýtmak isleýän zadymyza çuňňur düşünmek üçin aşakdaky goşgy setirlerine üns ber:

«Nadan bilen dost bolma, seresap bol, häzir bol

Gör näçe nadan ýagşy adam bilen dost bolup, onuň ömrüni berbat etdi.

Her bir adamyň hormat, mertebesi onuň dosty, ýoldaşy bilen ölçelýändir,

Bir zady tanamak üçin ony ýanyndaky zat bilen deňeşdirýärler.

Gabat geleninde ol ýürege barýan ýoly tapar».

Ýene bir goşguda şeýle diýilýär:

«Ýagşylara ýoldaş bol, artar abraý-mertebäň
Eýe bolarsyň uly şöhrat-şana.
Ýokar dürli-dürli bela-beter
Bidöwlete ýoldaş bolana».

Gepiň küle ýeri, kimleri dost hasaplap bolar, kimler bilen dostlukly gatnaşyklary ýola goýup bolar? Onda diňle, ine, şu häsiýetlere eýe bolan adamlary dost tutunyp bilersiňiz.

*Sizi ruhlandyrýan, maksada okgunly bolmaga höwes döredýän, täze-täze pikirler bilen maslahat berýän; göwnüňizi çökermeýän,*

*asylly maksadyňyzdan alyp galmaýan; sizi üns bilen diňleýän we öz pikirini aýdyp bilýän; Ahlak taýdan özüni jogapkärli alyp barýan; siziň kämilleşmegiňize, ösmegiňize ýardam-goldaw edýän; sizi abraýyňyzy peseltjek işlere iteklemeýän; üstünligi we has gowy durmuşa ymtylmagy eý görýän; ýaltanmaýan, işýakmaz bolmaýan we ýaýdanmaýan; pikirleri, pikirlenişi seniňkä golaý ýa-da meňzeş bolan ynsanlar. Şeýle-de ýene bir üns bermeli zadymyz - gyz oglana, oglan hem gyza asla dost bolup bilmez (gyz bilen oglanyň, oglan bilen gyzyň arasynda dostluk bolup bilmez).*

Eziz okyjy, salyhatly, ýagşy adamlaryň bir endik-edähedi bardyr. Kimdir birine peýda edip biljekdigini bilseler, şonuň bilen tanyşmaga, dostlukly gatnaşyklary ýola goýmaga tagalla eder ekenler. Biz hem şeýle hereket edeliň. Çekinmezden, utanmazdan kimdir birine nepimiz deger öýdýän bolsak, şonuň kämilleşmegine, ösmegine goşandymyz bolar öýtsek, baralyň, habarlaşalyň, dost bolalyň.

*Onda bu talap-şertlere gabat gelmeýän dostlarymyzy näderis?*

Juda ähmiýetli sowal. Özümiň şu sowala nähili çemeleşýändigimi aýdaýyn. Şeýle dostlaryňyz bar bolsa, olaryň nähili gylyk-häsiýetlere eýedigine seretmezden, olar bilenem mümkin bolan iň dostlukly, iň ýürekdeş, iň gowy gatnaşyklaryňyzy ýola goýuň. Bir şerti bar, olaryň bärden gaýdýan gylyk-häsiýetlerini özüňize ýokaşdyrmaň-da, öz häsiýetleriňiz bilen olara görelde boluň. Olara siziň özüňiz täsir ediň. Emma biziň hem ýaramazlaşmagymyza täsir edýän bolsa, belli-külli gep, olar bilen gatnaşygy çürt-kesik bes etmeli. Sebäbi olar bilen uzak wagtlap tirkeşmek, gatnaşmak olaryň ýaramaz häsiýetlerini, gabahat endiklerini bize adaty zat edip görkezer we biziň yza tesmegimize sebäp bolar. Şol bir wagtda hem biz özümiziň ruhy-ahlak gymmatlyklarymyza laýyk hereket etmägimizi dowam etmelidiris. Utanmaly däldiris. Käbir adamlar bar, özlerini alyp barşy ruhy-ahlak gymmatlyklaryna laýyk gelýär, emma şol gymmatlyklary goramaly, nusga bolmaly, özüni görkezmeli ýerinde çekinjeňlige ýa-da ýaýdanjaňlyga

ýol berýärler. Arassa ahlak kadalaryna uýgun hereket edýän dostum, hiç zatdan utanma we çekinme, bu ýerde utanmaly sen dälsiň. Bu ýerde başyny belent tutmaga hakly sensiň. Arassa ahlak-häsiýetlere, tertip-düzgünlere laýyk hereket edýän mahalyň, özgeleriň gaty-gaýrym, açyk-ýaşyryn näme diýip-goýýandyklaryna asla üns berme, sen hemişe başyňy dik tut. Sen şol asylly häsiýetleriň mekdebi bolup dowam etmelisiň. Şol ruhy gymmatlyklary, düzgün-tertipliligi, edepliligi sen ýaýmalysyň. Sen güýçli bol. Kinaýa ýa-da ýaňsy bilen söz gatýanlara, özüni hondanbärsi tutup, lap urýanlara sen güýçli gaýtawul bermelisiň. Bu ýerde urgy ýa-da uly ses bilen gaýtawul bermelidigini aýdamok, sen öz ýagşy häsiýetleriň, ynamlylygyň, asudalygyň, dogry ýola pugta eýerýänligiň bilen olara jogap bermelisiň.

*Hereket et:*

*1. Çyndan dostlaşmak isleýän adamlaryň hakda pikirlen we olar bilen dostlukly gatnaşyklary ýola goýmaga tagalla et.*

*2. Saňa ýaramaz täsir edýän adamlar bilen aragatnaşygyňy azalt ýa-da üz.*

*3. Hemmeleriň öňünde arassa ahlak-häsiýetlere pugta eýerýändigiňi we munuň üçin özüňi buýsançly hem-de ynamly duýýandygyňy ýaşyrmazdan mälim et.*

*4. Hemmelere oňyn täsir etmäge çalyş.*

***

## ESASY AÝRATYNLYK

Işi rowaç adamlaryň birinden: «Üstünlik gazanmak hem-de bagtly ýaşamak üçin nähili şahsy artykmaçlyklar we beýik häsiýetler zerur?» diýip sorapdyrlar. Ol: «Üstünlik üçin ilkinji nobatda zerur häsiýet-endik – başarýan işiňi doly bitirmek» diýip, jogap beripdir.

Ilki öz ukyp-başarnygymyza göz ýetirmek, soňra şoňa muwapyk asylly maksady kesgitlemek aňsat iş däl. Ýöne birneme görgüsi-hup-

baty bolsa-da, ol juda gyzykly zat. Biz özümizi öwrenen mahalymyz geljegimizi öwrenýändigimize düşünmelidiris. Mundan soňra şol maksadymyz bilen deň gadam urup, arzyly menzillere, dereje-mertebelere ýetmek üçin biz nämeleri etmeli? Saýlap tutan işlerimiziň hemmesini doly ýerine ýetirmelimi ýa-da täze bir mümkinçilik dörände, ol pursady elden gidermezlik üçin täze işe meşgul bolmalymy?

Bu biziň her birimiziň jogap bermeli soraglarymyz. Sebäbi biziň köpümize mahsus ýagdaýlaryň biri şu – ilkinji nobatda hökman etmeli işlerimize sowuk-sala garaýarys. Nämemişin, başga işlere meşgul bolup ýadanmyşyk, ýaltanýarmyşyk ýa-da şol işi asla halamzokmyşyk… Muňa wagtly-wagtynda okalmaly namazlary, mekdep-okuw we öý işlerini, işe çynlakaý berilmek we şuňa meňzeş zatlary mysal getirip bolar. Şeýlelik bilen ilkinji nobatda üns berilmeli ençeme işlerimiz bitirilmän galýar. Üns bermeli esasy şahsy aýratynlygymyz şundan ybarat – şol işi biz halasagam, halamasagam, ilkinji nobatda etmeli işimizi hökman ýerine ýetirmeli.

Ýöne ony nähili amal edip başlamalydygyny sorasaň, gel, şu ýerde men saňa şu mana kybap bir kyssany gürrüň bereýin:

Itleriň arasynda özüniň çakganlygy, tiz ylgaýanlygy bilen buýsanýan, gomparýan, gabarylýan bir it bar ekeni. Hemmelerden öňürti gelýändigini diline çolap, hiç goýmaz ekeni. Günleriň birinde bu itiň öňünden bir towşan ylgap geçipdir. It şol wagt aç hem däl ekeni, towşana galan güni hem ýok ekeni, ýöne oýun etmegiň, biriniň mazasyny alyp, göwün solpusyndan çykmagyň hatyrasyna ýaňky towşanyň yzyndan ylgapdyr. Täsin ýeri, it her näçe çalasyn hem bolsa towşanyň yzyndan ýetip bilmändir. Beýleki itler bu itiň üstünden gülüpdirler. «Päheý-de welin, bar öwüneniň guýa gaçdy öýdýän. Özüňçe ýok towşany kowalap, ýetip bilmediň, tutmag-a beýle-de dursun, yzyndanam ýetmediň-ä» diýip, gyjalat beripdirler. Çalasyn it özüni aklamaga başlapdyr: «Bir zady unutmaň, bu tizlik, çalasynlyk boýunça bir bäsleşik däl. Men keýpine, oýun etmek üçin ylgadym. Ol bolsa janhowluna, ölümden sypmak üçin ylgady. Iki ylgawyň arasynda ullakan parh bar» diýipdir.

Ýaşaýyş ýa-da ölüm hakdaky pikire aýratyn ünsüňi çekesim gelýär. Biz hem ilkinji nobatda ýaşaýşymyza dahylly bolan işleri doly berjaý etmegimiz gerek. Hökman etmeli işlerimiz dogrusynda pikirlenip, oýa batyp, saýlap-seçip oturasy pursat-puryja ýok, biz olary hökman edäýmeli. Biz şol işleri ýaşaýyş we jan bilen berk bagly bir zat hökmünde görmeli. Durmuşa çynlakaý çemeleşmeli. Öňem bir akyldar: «Biz bu dünýä aşyk oýnamaga gelmedik. Biz beýik maksatlary hasyl etmäge geldik» diýer ekeni. Biz iň möhüm işlerimizi ilkinji nobatda berjaý edýän bolsak, diýmek, bu biziň hakykatdan-da ýaşaýandygymyzyň subutnamasydyr. Eger geleňsiz garap, duşumyzdan biperwaý ötürýän bolsak, onda ýaşaýşyň manysyna, durmuşyň gymmatyna hem juda geleňsiz garaýandygymyzyň subutnamasydyr.

Ilkinji nobatda bitirmeli işlerimizi bileliň. Soňra şol işi berjaý etmegi özümizden talap edeliň. Endigimize öwreliň we özümizi ösdürip, kämilleşdireliň. Biziň şol işi edesimiz gelýändigine ýa-da gelmeýändigine garamazdan, zerurdygy düşnükli bolsa, galan sebäp-bahanalary bir gyrada goýalyň-da, işimize girişeliň.

*Hereket et:*

*1. Her gün etmeli hökmany işleriň sanawyny düz.*

*2. Ony ikirjiňlenmezden doly we kämil berjaý etmegi ýüregiňe düw.*

*3. Ýerine ýetirip başla.*

***

## OWNUK SÖWDADAN HOJAÝYNLYGA ÇENLI

«Ökjäňi galdyryp, öňüňi görüp bolanok» diýen aýtgy bar. Bu geljegiň bize nähili sowgatlary we synaglary taýýarlap goýandygyny öňünden bilip bolanok diýen manydaky bir söz. Ýöne muňa garamazdan, geljegimizden hemişe gowulyga garaşyp, öňümizde maksat

goýup ýaşamaklyk adamzat ähmiýetli ähli taglymatlaryň öňe sürýän pikiridir. Hereket ediň, yhlas ediň. Ykbal yhlasyňyzy boş goýmaz. Yhlasyňyza görä ykbalyňyz bolar.

Bu hakyky bolan waka. Gürrüňini edýän şahsymyz ilki-ilkiler ownuk-uşak ýorgan-düşekleri satyp, oňşugyny gazanýardy. Şol wagt ol aýyna bary-ýogy 45 dollar hak alýardy. Birnäçe ýyllardan soňra ol birnäçe firmalaryň hojaýyny, ýene köpsanly firmalaryň bolsa esasy maslahatçysy bolup işledi. Bu şahsy şol derejelere ýetiren syr hemmeleri ýönekeýlikden belent derejelere çykaran syrdyr. Ol syr şulardan ybarat – üstünlige eltýän ygtybarly ýoly bilmek we şoňa görä hereket etmek. Ownuk-uşak zatlaryň söwdasyndan uly firmalaryň hojaýynlygyna elten syr hem şol. Üstünlige ýetmek üçin:

– Üstünlik üçin synalyp görlen we dogry netije beren her bir usuly öwren hem-de peýdalan;

– Şol ugurlary, usullary öz ugurtapyjylygyň bilen has-da baýlaşdyr, kämilleşdir. Hemişe kämilligiň, has gowy usullaryň gözleginde bol. Çekinmezden herekete geç.

Şuňa kybap ýene bir kyssany gürrüň bereýin. Bu şahs hem söwda-satyg ýerlerinde işleýärdi. Ýöne hiç hili göwün gandyryjy üstünliklere ýetip bilmändi. Soňra ol täze bir işiň başyny tutdy. Işe täzeçe çemeleşdi. Her gezek üstünligiň syry hakda soralanda gürrüňiň hörpüni ilkibaşdaky ädimlerine syrykdyryp: «Şol başlan işim meniň durmuşymy doly özgertdi» diýip, gürrüň berýär.

Ol nähili üýtgeşik iş ýa-da üýtgeşik usul bolup biler? Ol nädendir öýdýäňiz. Harydyny geçginli etmegiň alajyny, pikirini edip ýörşüne, söwdadan gowy baş çykarýan ussat täjirleriň ýanyna gidipdir. Olaryň her birinden has uly üstünlik, girdeji gazanmak üçin näme etmelidigini sorapdyr. Täjirler hem ondan özleriniň syryny gizlemändirler we ýigide bilýän usullaryny mälim edipdirler. Ýigit öwrenen, bilen zatlaryny iş ýüzünde amal etmäge girişipdir. Olaryň maslahatlaryny berjaý edipdir. Ündän pikirlerine görä hereket edipdir. Öwrenen we özleşdiren, iş ýüzünde amal eden zatlaryna şahsy oý-düşünjelerini

hem goşup, ol usullary has-da kämilleşdiripdir. Söwdasynyň gerimi giňäpdir, müşderisi gün-günden artypdyr. Netijede, işi rowaç, edeni ugruna bolýan üstünlikli birine öwrülmegi başarypdyr. Soňra uly söwda merkeziniň müdiri bolupdyr. Müdir bolanyndan soň hem öwrenmegini bes etmändir. Beýleki müdirleriň iş ýörediş usullaryny öwrenipdir. Amal edipdir, ýerine ýetiripdir, öz pikirleri bilen has-da kämilleşdiripdir. Üstünligiň syry hakda söz açan ol ýigit: «Öwrenmek we öwrenen zatlaryňy iş ýüzünde amal etmek meniň durmuşymy düýpli özgerden esasy sebäplerdir. Bu syryň şeýle sada we şeýle uly üstünlikleri getirýändigine men şu wagt hem haýran galýaryn» diýer ekeni.

Çuňňur göz ýetirmek üçin ýene bir durmuşy wakany beýan edeýin:

Bu hem bir söwda merkeziniň adaty wekili hakda. Ol hem ilkibaşda göz öňünde tutýan üstünligine ýetmändir. Her gezek söwda geleşiginde işi paşmasa, harytlaryny satyn almakdan ýüz öwren adamlaryň ýanyna barypdyr. «Men sizden özelenip haýyş etmäge gelemok. Ýöne menden satyn almazlygyňyza näme sebäp bolandygyny bilesim gelýär. Meniň goýberýän ýalňyşym näme?» diýer ekeni. Ine, şeýlekin usul bilen ol öz säwliklerini, hatalaryny düzetmegi başarypdyr. Beýleki tarapdan hem müşderiler bilen mähir-mylakatly bolup, olaryň isleg-talaplaryny öwrenipdir. Şeýdibem, onuň söwdasy ulalyp, girdejisi artyp gidipdir.

Mahlasy, üstünlige eltýän iň ygtybarly ýoldan ýöremek üçin:

– *Üstünlige eltýän, her bir synalan ýoly öwren we peýdalan.*

– *Köp oka we köp öwren.*

– *Ýörite kurslara gatna we öwren.*

– *Işi rowaç adamlaryň ýanyna bar we olaryň iş ýörediş usullaryndan öwren.*

– *Işi ugruna adamlardan üstünliginiň syryny sorap öwren.*

– *Üstünlikli adamlar hakdaky eserleri okap öwren.*

– *Iş salyşýan adamlaryňdan işiň hilini nähili gowulandyrmagy hakda sorap öwren.*

*– Yzygiderli tejribeler arkaly öwren.*

*– Yzygiderli türgenleşikler, amallar arkaly öwren.*

*– Öz ýalňyşlaryňdan netije çykaryp öwren.*

Bu zatlardan soňra üstünlik gazanmak üçin zerur bolan ikinji ädimiň nämedigini hem öwrenersiň:

– Bilen, öwrenen zatlaryňy birin-birin ýerine ýetir, berjaý et, yzygiderli kämilleşdir. Diňe aýdanyň ýa eşideniň ýeterlik bolmaz. Maglumatlaryň, maslahatlaryň, öwüt-nesihatlaryň bir özi ýeterlik bolmaz. Sebäp-serişdeleriň, pursatlaryň bir özi ýeterlik bolmaz. Şol mümkinçilikleri, pursatlary, öwrenen zatlaryňy iş ýüzünde amala aşyryp başlan badyňa üstünligiň belent derwezesi saňa giňden açylyp başlar. Hemişe gaýratly bol we dowam et.

*Hereket et:*

*1. Haýsy ugurlarda has ýokary derejelere ýetmegiňi arzuw edýändigiňi kesgitle.*

*2. Şol ugurda üstünlik gazanmak üçin nämeleri öwrenmelidigiňi, özleşdirmelidigiňi (gerekli prinsipleri we serişdeleri) öwren.*

*3. Şol sebäp-serişdeleri hemişe peýdalan we olara yzygiderli amal et.*

***

## ULY GÖWHERI YRÝA ETME

Durmuşyňdaky iň gymmatbaha göwheriň näme? Gönüläp sorasak, durmuşyňdaky iň ähmiýetli zat näme? Iň gymmatbaha göwhere deňäp biljek zadyň barmy? Soňra ondan bärde we ondan hem bärde durýan göwherleri - göwher deýin gymmaty bolan zatlaryň hakda oýlanyp, düýpli pikir edip gördüňmi?

Göwün isleglerine tükenme ýok, ýöne ilkinji nobatda özüňe, maşgalaňa, durmuşyňa juda ähmiýetli bolan zatlaryň sanawyny düz. Ol zatlaryň her birini gymmatbaha göwher hökmünde gör. Iň parlak göwher, soňra onuň söbügini basyp duran gymmatly göwher we şu

tertipde dowam edersiň. Ýogsam-da, bu daşlara näme sebäpli gymmatbaha diýilýändigi hakda düýpli oýlanyp gördüňizmi? Haýsy daşda ynsana peýdaly häsiýet, aýratynlyk, täsir köp bolsa, şonça-da şol daşlaryň gymmaty ýokarydyr. Şonuň üçin şahsy durmuşyňyzyň gymmatbaha göwherleri hakda oýlanyp, olary kesgitläniňizde hem şol häsiýetleri göz öňünde tutuň. Şol göwherleri aýap, ter-tämiz we arassa sakladygyňyzça, olar özüniň röwşenligi, parlaklygy, ruhuňyza ýetirýän oňyn täsiri bilen sizi hoşnut we razy eder, sizi begendirer. Şol göwherleri kesgitlän bolsaňyz, onda başga zatlara güýmenmäli-de, şu wagta çenli biderek ýere sarp eden ýa-da degerli garamadyk göwherleriň hakda pikir öwür. Ol göwherleri yrýa etmegiňe iteren sebäp näme? Ol göwherleri haçan we näme zerarly ýitirdiň? Bu zatlar hakda oý-pikir deryasynda gulaçlap ýörkäň, belki, senem alym-akyldarlaryň: «Uşak daşlary çöpläp ýörşüme uly göwherlerimi unudandygymy duýmandyryn» diýen sözlerini gaýtalarsyň. Ine, gysgajyk kyssa şeýle: «Onuň bir göwheri ýitdi, sebäbi ol öz göwherine ýeterlik üns bermedi. Gerekli mukdarda aladasyny etmedi. Aýawly saklamaga çalyşmady. Sebäbi ol bar ünsüni, küýüni ownuk daşlary ýygnamaga, uşak çagyllary çöplemäge gönükdiripdi».

Eziz okyjy, haýsy zatlaryň bize gymmatbaha göwher deýin zerurdygyny kesgitlemegimiz gerek. Olara ýeterlik alada-üns bermesek, wagtymyzy, pikirlerimizi şolara sarp etmesek, onda ownuk-uşak daşlara gyzygyp ýörşümize, göwherlerimizi nirede unudandygymyz hem ýadymyza düşmez. Dogry, uşak daşlaryňam gerek ýeri, peýdalanmaly pursady bardyr, emma uly göwherleri ünsden düşüreniňe asla degýän däldir.

«Biderek işlere gereginden artyk ähmiýet berýän adamlar has zerur işlerine gerekli mukdarda üns bermekden ejiz gelerler». Juda bir ähmiýeti, haýry-peýdasy bolmadyk işlere ençeme wagtymyzy ýitirýäris. Ondan soňra bolsa uly işlere hötde gelmekden asgyn-ejiz gelýäris. Etjek işlerimiziň saldamly-saýhally bolmagy üçin öz pikirlerimizi, dünýägaraýşymyzy bellibir taba, düzgüne salalyň. Munuň üçin şu soraglara doly we dogry jogap berip geçeliň:

1. Durmuşymyzdaky iň gymmatly göwherler haýsylar?

2. Şol göwherleri gymmatyna degýän alada-üns, wagt, oý-pikir bilen gurşaýarysmy?

3. Nähili ownuk-uşak we biderek daşlara gerekmejek wagty hem has köp wagt sarp edýäris?

4. Has artykmaç güýmenýän işlerimiz şonça wagt we güýç sarp edenimize degýärmi?

5. Çynlakaý üns berenimize degýän işler haýsylar?

6. Biz nämä gynanýarys we ol zatlar gynananyňa degýärmi?

7. Biz nämä gaharlanýarys we şol zatlar gahar edeniňe degýärmi?

Şu sowallara dogry jogap berip, özümize ähmiýetli we ähmiýetsiz zatlary aýdyň kesgitläp bilsek, onda öňümizde durmuşyň aýna deý lowurdap duran täze gapylary giňlik bilen açylar. Biz hut şu pursatdan başlap dowam edip duran durmuş ýörelgämize täzeçillik girizip, has ynamly öňe ilerläp bileris.

*Hereket et:*

*1. Durmuşyňdaky iň gymmatly göwherleri - iň ähmiýetli işleriň nämedigini kesgitle.*

*2. Olara derejesine görä ýeterlik alada-üns bermek üçin nämeler etmelidigiňi, haýsy biderek işleriňden we bimany hereketleriňden saplanmalydygyňy öwren.*

***

## ÖZÜŇE KAST ETME

Munuň şübhesiz uly günädiginden hemmeler habarly. Ol assyrynlyk bilen teniňe ýaýraýan awuly zäher. Bu dert ynsanyň gözüni, gulagyny gapyp, ony juda degerli zatlary görmekden, duýmakdan mahrum edýär. Diňe az sanly ynsanlar bu heläkçilikden aman-esen gutulyp bilýär. Ol özüňe kast etmek jenaýatydyr. Ýöne bu jenaýatda ne bir gural bar, ne-de bir bildirip duran agyry bar, ne bir özüňe agram salmak bar. Şeýle seretseň bu iň ýeňil jenaýat, emma ýetirýän täsirini

göreniňde iň agyr, iň hatarly jenaýatlaryň biri bolup durýar. Ine, şol jenaýaty şeýle suratlandyrýarlar:

«Wagtyna kast edýän adam özüne kast edýän ýalydyr. Bu jenaýat ynsanyň gözüni, gulagyny gapýar we ahyry hem heläk edýär. Üstesine, munuň üçin görnüp duran jeza çäresi hem ýok…».

«Wagtyňy peýdasyz zatlara sarp etmek janyňa kast etmegiň bir görnüşidir». Biz näçe sagadymyzy, has dogrusy, aýlarymyzy we ýyllarymyzy juda ähmiýetsiz pişelere, bimany zatlara sarp edýäris. Şol aý-günleriň öz ömrümiziň bir bölegidigini duýmaýarys, wagtyň ykbalymyzyň esasy sermaýasydygyna üns bermeýäris. Wagtymyzy bimany işlere, oýun-güýmenjelere, gep-gybatlara sarp edýäris. Wagtymyzy degmeýän zatlara harçlaýarys. Bu şol wagty däl-de, öz ömrümizi, öz durmuşymyzy yrýa edýändigimizi aňladýar. Gysgaça aýtsak, bu gynandyryjy ýagdaý özümize kast etmekdir. Wagty bihuda ötürmek – wagta kast etmek – iň agyr jenaýat. Beýle gabahat işden derhal saklanmagymyz gerek, çünki onuň pidasy diňe özümizdiris. Peýdasy hem ýene özümizedir.

*Hereket et:*

*Gerekmejek zatlara sarp edýän wagtyňy hasapla, esasanam, günde-günaşa gaýtalanyp duran we biderek ötürilýän wagtyň hakda oýlan. Soňra birbada şol wagtyň ýarpysyny haýyrly işlere sarp et. Birnäçe wagtdan soň bolsa ählisini haýyrly işlere harçla. Şu pursatdan başla, wagtyňy bisarpa ulanyp, özüňe el göterme!*

***

## GEREKLI ZAT ÜÇIN PULUŇY GYSGANMA

Il arasynda gezip ýörkäň, gazanç-girdeji mazmunyndaky gürrüňler gaýta-gaýta gulagyňa ilýär. Köp ýaňzydylýan gürrüňleriň biri hem «Hatda indiki aýlygyň hem ýeri gazylgy dur» manysyndaky sözlerden ybarat. Kimler az gazansa-da, ýetirinip bilýär, ýene biri artdyrybam bilýär. Başga biri bolsa durmuş arabasyny bu aýlyk-

dan indiki aýlyga ýeter ýaly edip taraşlaýar. Gelen dessine, bergisine sarp edip, indiki aýyny täze bergide ötürýänlerem bar. Ýöne haýsy biri bolanda hem özümize gerekli zatlar üçin pulumyzy gysganmaly däl. Haýyrly zatlara sowmagy, dözmegi başarmaly. Esasanam, peýdasy, bähbidi uzagyndan has aýdyň bildirýän zatlara sarp etseň, onda puluňy dolanyşyga girizen ýalysyň. Bir kyssa okapdym. Şol hekaýada kakasy ogluna puly nähili gazanmalydygyny we nähili sowmalydygyny öwredýärdi. Ogluna beren bir maslahaty göwnüme ýarady: «Oglum, heniz sen ýaly mahalym kakam maňa şeýle diýipdi: «Iýjekiçjek zatlaryň hem-de jaý hakyny tölemek üçin beýleki çykdajylaryňy birneme azalt, tygşytly sarp et. Emma kitap satyn almak üçin ýygnaýan puluňy azaltma. Kitapdan puluňy gysganma» diýipdi. Şondan bäri şu pikir hemişe aňyma hemra boldy. Käbir kitaplar seniň dünýägaraýşyňy düýpgöter üýtgetjek pikirleri berip bilýär. Bu pikir hem hut şeýle boldy. Kakamyň bu sözleri maňa gerekli kitaplarymy pulumy gysganman satyn almalydygymy ýatladýardy. Şu sebäpli hem öýümiz kitapdan doly. Iş-aladamyň hernäçe agdykdygyna garamazdan, her gün bir sagat wagtymy kitap okamaga sarp edýärin. Bu maňa endik bolup galypdyr. Kitap okamak endigi bolsa meniň durmuşymy düýpgöter özgertdi. Kitap okamaga adat edinmedik adamlar ýaşaýşyň şeýle zowkundan mahrumdyklaryny bilýärlermikä? Beren ähli maslahatlaryň üçin saňa minnetdar, kaka!».

Şu ogla gabat gelýän zat bize hem laýykdyr. Her günde bir sagat wagtymyzy kitap okamaga sarp etsek, durmuşymyzyň has gowulyga tarap düýpgöter özgerjekdigine güman ýok. Tapawudy ýok, kitaby eliňe alyp okasaňam, ýa-da internet sahypalarynda gowy-gowy kitaplary tapyp okasaňam, ýa-da elektron kitaplary okasaňam bolýar, esasy zat peýdaly bir zat okamak. Diňe gündeki dünýä habarlaryny ýa-da sport täzeliklerini, degişmedir henekleri okap çäklenmeli däl. Düýbünde öwrenip, durmuşda özleşdirip boljak düýpli eserleri, kitaplary okamak gerek. Dogrusy özüm-ä, kitaby eliňe alyp okamagy has ileri tutýaryn. Şonda okaýan zadyň ýadyňda gowy galýar, hatda

kitabyň özboluşly jadysy, üýtgeşik bir täsirem bar. Şol täsir näme üçindir beýleki elektron kitaplarda ýok. Kitaba eliň galtaşmagynyň bir täsin zowky-lezzeti bar. Üstesine käbir kitaplaryň gyrasyna öz pikirlerimizi ýazmaga, bellik etmäge hem maý bolýar. Emma nähilidigine garamazdan, esasy zat okamak gerek. Neşir edilen kitapdan okaň, ýa-da internet saýtlaryndan okaň, ýöne, hökman okaň. Hatda henize çenli endik etmedigem bolsaňyz, her gün azyndan bir sagat wagtymyzy kitap okamaga adat edinmeli. Tiz wagtdan biz bu kitap okamagyň miwelerini, özümizdäki we durmuşymyzdaky mese--mälim özgerişlikleri aýdyň duýup başlarys. Ykbalyň kitap okanymyz üçin eçilýän bu üstünliklerine begenip-buýsanyp, has-da köp kitaplary okamaga dowam ederis. Şonuň üçin hem ykdysady-hojalyk harajatlarymyzyň bir bölegini täze kitaplary satyn almagymyz üçin süýşürmäge endik etsek, örän haýyrly bolar. Belki, soňlugy bilen dostlarymyz bilen maslahatlaşyp, jemlän kitaplarymyzy bir ýere üýşürip, bilelikde bir kitaphana hem açyp bolar. Ýa-da käbir kitaplarymyzy çalşyp, okaşyp, okalan zatlaryň üstünde özara pikir alşybam bileris. Şeýdip, kitaba bolan söýgi adamlaryň arasyndaky ýakynlygy, jebisligi, düşünjeliligi hem hasyl eder.

*Hereket et:*

*1. Hojalyk büjetiniň bir bölegini ýörite kitap satyn almak üçin niýetle.*

*2. Her gün bellibir wagtyňy ýörite kitap okamaga bagyş et. Kitaba gündelik sarp edýän wagtyň ýarym sagatdan az bolmasyn.*

*3. Okaýan zatlaryňyzyň many-mazmuny, çeperçiligi, täsirliligi hakynda dostlaryňyz bilen pikir alşyp, maslahatlaşyp duruň.*

***

## PELSEPE

Durmuşda wagtal-wagtal dürli zatlar hakynda dürli-dümen pikirler serimizi doldurýar. Käteler özümiz ýa-da özümize juda ýakyn

adamlar hakynda, käteler daş-töwerek, tebigat, älem-jahan dogrusynda, käteler bolsa zeminleriň üsti, asty, asmanyň gatlary hakda pikir öwürýäris. Serimizde dünýäni saklasagam, özümizi hem hiç wagt gözden düşürmeli däl. Durmuşyň dürli pursatlarynda böwrüme diňşirgenip, şol pursatda özümi alyp barşym hakynda öz-özüme sowal berýärin. «Men şu wagt özümi kimiň ornunda goýýarkam? Adamlaryň «agalyk ediji güýç», «agalyk ediji höküm» diýýän zatlary mende nähili häsiýetlerkä? Şol pursatlarda men kime meňzeýärkäm? Sada çagajyk, kakabaş ýaş ýigit, ejiz bir zenan, zabun hökümdar, eldeki haýwan, ýyrtyjy wagşy, hakyky ynsan, beýik maksatly we bir ýörelgeli adam… Meni hemişe özüm bolup çykyş edýärinmi ýa-da mahal-mahal özlügimden çykyp, başgalaryň donuna bürenýärmikäm?» Bu pelsepewi düşünje maňa uly täsir etdi. Eger-de özümi, öz bolşumy mazaly öwrenip bilsem, özümi nirede nähili alyp barýandygyma akyl ýetirsem, gylyk-häsiýetlerime käbir düzedişler girizsem, onda özümi has kämilleşdirip biljek ekenim. Bir gün şeýle oý-hyýallara çümdümde, durmuşda aglaba halatda özümi alyp barşymy göz öňüne getirmäge oturdym. Käbir pursatlarda kime meňzeýändigimi, kim bolýandygymy pikir eleginden geçirdim…

∗Ogluma, aýalyma ýa-da işgärlerimiň birine gaharym gelende, olaryň ynsan mertebesini, göwnüni, hormatyny birjik-de nazara almaýan zabun we rehimsiz bir hökmürowana dönýän ekenim. Üstesine, oglumyň goýberen ýalňyşlygy üçin onuň soran ötünjini, aňsat-aňsat kabul etmeýän bir diýdimzor adam ekenim.

∗Biri babatda öteräk gürrüň etsem, ol hakdaky pikir-garaýşlarymda, edýän işlerimde ýalňyşsam ýa-da bärden gaýtsam, ýa-da öz hereketlerim bilen göwnüni ynjytsam, özümi ejiz-gowşak bir adam mysalynda görýän ekenim. Şonda özümi aklamaga, günämi ýuwmaga başlaýaryn.. Ýalňyşlygymy duýup, ondan ötünç sorasam, ejizligim aýrylyp giden ýaly bolýar, emma bir bahana duwlanyp, «bagyşla» diýmäge boýnuýogynlyk etsem, özümi biparh ýaly görkezmäge çalyşsamam, içimden bir ses «Ejiz gelendigimi» ýatladyp durýan eke-

ni. Her gezek lapykeç, göwnüçökgün bolan halatlarymda hem özümi juda ejiz hasaplaýaryn, çünki lapykeçligi, göwnüçökgünlige maý bermegiň özüni güýçlüleriň häsiýeti hasaplamaýaryn. Kähalatda dargursak bolan pursatlarym hem özümi juda ejiz görýärin. Dargursaklyk, köplenç halatda, okuw gurnagyma garaşanymdan has az adamlar gelende hem peýda bolup bilýär.

*Her gezek möhüm bir işi gijikdirsem ýa-da asla başyna barmasam, ýa-da gerekmejek zatlara güýmenip, wagtymy manysyz ötürsem, özümi saklamaly ýerimde gaharyma bäs edip bilmesem, gulak asanymda gönenjek ýerimde hem biperwaý ötüp gitsem, men özümi kakabaş ýaş ýigit ýaly görýän ekenim.

*Beýlekiler hakda söz açylanda, olaryň ýagşy taraplaryny, öwmäge mynasyp häsiýetlerini ýatlasam; hemmeleriň men babatdaky öte geçmelerini we göwne degmelerini bagyşlap, olary goldap bilsem; müýnli ýerimde, özgelerden ötünç sorasam; her gezek ejiz-biçäre, syrkaw-sökel, misgin-pukara adamlar bilen gabatlaşamda olara hoşamaý bakyp, ýardam-kömek edip bilsem, men özümi hakyky ynsan ýaly görýän ekenim. Durmuşyň her bir pursadynda arassa we asylly gylyk-häsiýetler hem-de umumy adamzat gymmatlyklaryna laýyk hereket edýän bolsam, özgeleriň nähili hereket edýändigine garamazdan, hemişe arassa matlapdan we päkize niýetden ugur alýan bolsam, men özümi hakyky ynsan hökmünde görýän ekenim.

*Kömege mätäç her bir adama ýardam goluny uzadýan wagtym; özüme bäsdeş we basdaşlara hem ýaramaz duýgy bilen bakmaýan, olardan aýyp-syn etmeýän, içimde kine-kitüw saklamaýan wagtym, men özümi beýik we asylly maksatly bir ynsan hökmünde görýärin. Her bir zerur we ähmiýetli ýerinde güýjümde we golumda baryny sarp edýän mahalym; deregine hiç zat tama etmezden özgelere ýeterlik wagt we ýardam sarp edýän wagtym hem men özümi beýik we asylly maksatly bir ynsan hökmünde görýärin. Beýlekileriň üstünligine we artykmaçlygyna ýürekden begenýän hem-de guwanýan wagtym, (hatda öz ugrumdan bolsa-da, başga ugurlardan bolsa-da),

il-güni begendirýän, köpçüligiň haýryna bolan işleri eden wagtym (bu işi men etsem-de, beýlekiler etse-de), men özümi beýik we asylly maksatly bir ynsan hökmünde görýärin.

*Gerekmejek zatlara dümtünip, wagtymy we pikirimi sarp edeniňe degmeýän zatlara güýmensem, bir zadyň soňuny saýgaryp--seljermän, pikirlenmän, desbi-dähel bir karara gelsem, özümi sada çagajyk hökmünde görýärin...

Netijede, men şu günden başlap, her günüň ahyrynda özümiň haýsy häsiýetlere çümüp-çykandygymyň hasabyny, sanawyny ýöretmekçi. Hemişe-de hakyky ynsan bile beýik we asylly maksatly bir ynsanyň aralygynda hasyl bolýan endik-häsiýetlere ymtylmakçy. Dogrusy, bu ikisiniň arasynda ullakan bir tapawut hem bardyr öýdemok.

*Hereket et:*

*Ýokarky pelsepä laýyklykda her günüň ahyrynda şol günki hereketleriňi, eden işleriňi gözden geçir we şol güni kim bolup ýaşandygyňa göz ýetir.*

***

## ÄTIÝAÇLANDYRYŞ GURŞAWY

«Sport saglygyň ätiýaçlyk gurşawydyr. Her gün täze bir derejelere ýetmek üçin sport merkezlerinden gatnawymy kesmeýärin».

Düzgün-nyzamly we yzygiderli ýerine ýetirilýän sport-türgenleşik işleri saglygymyzy berkitmegiň iň uly ýardamçysy. Gynansakda, köp adamlar sport bilen meşgullanmagy halap baranok. Sporta gerek mukdarynda üns-ähmiýet berenok. Diňe ençeme wagt geçenden soňra, «Irgözinden sporta gyzyklanan bolsamdym» diýip, içgepletmelere çümýär oturýar. Käbir adamlar hatda şondan soňam ugruna çykyberenok. Ýürekden syzdyryp aýdýaryn we ähliňize ýüzlenýärin – sport bilen meşgullanyň. Nähili usuly amatly hasap etseňiz, şeýdiň, ýöne sporty dowam ediň. Isleseňiz, ýörite sport merkez-

lerine gatnaň, ýa-da öýde sport abzallary boýunça türgenleşiň. Muňa mümkinçiligiňiz bolmasa, islendik bir ýerde çalt ýöräň, ylgaň, öýde ýa-da howluda käbir maşklary ýerine ýetiriň. Esasy zat, özümiziň güýç-gaýratymyzy, gujurymyzy, güýjümizi, işjanlylygymyzy artdyrmagymyz, kämilleşdirmegimiz gerek. Näçe ir girişsek, şonça-da özümize bähbitlidir.

*Hereket et:*

*1. Häzire çenli hiç bir sporta gatnamadyk bolsaň hem bir sporta yzygider türgenleşmegi ýüregiňe düw.*

*2. Saýlap alan sport ugruňa doly we dogry hötde gelmek üçin özüňe ýörite plan düz.*

*3. Başla we üznüksiz dowam et.*

***

## ARASYNDA DYNÇ HEM AL...

«Özgelere mähir-muhabbetli, mylakatly garaýan adamlar hemişe özlerini bagtyýar duýýarlar. Olar bu häsiýetleri bilen beýlekileriň hem bagtyýarlygyna sebäp bolýarlar» diýen pikir bar. Bu sözüň çyndygyna, dogrulygyna şübhe ýok. Bu her wagt hemme kişiden bolmagy talap edilýän häsiýet. Ýöne bu ýerde özgelere mähir-mylakatly, ýumşak garamak hakda däl-de, birneme başga zatlar hakda gürrüň gozgamakçy. Näme hakyndalygyny bolsa aşakdaky setirleri okanyňda göz ýetirersiňiz:

«Özüňe ýumşak garap, oňa dem-dynç, rahatlyk ber,
Eliňdäki gowy zatlary özüňe hem döz.
Eger-de ötegçi wagt oňa ýamanlyk etse,
Soňra ne sen, ne-de zaman oňa ýardam eder?».

Kitabymyzyň köp ýerinde hemişe işjanly bolmak, asylly maksadyň ugrunda gaýrat sarp etmek, güýç-gaýratymyzy, işeňňirligimizi, yhlasly zähmetimizi esse-esse artdyrmak hakda gürrüň

edipdik. Ýöne, ýene bir zady asla unutmazlygymyz gerek. Özümizi, bedenimizi dem-dynç nesibesinden mahrum etmeli däldiris. Özümize hem ýumşak daralyň. Oňa gereginden artyk talapkär bakmalyň, ony harlamalyň, pese düşürmäliň, oňa igämizi sürtüp oturmalyň. Goý, ol hem özüni rahat, bagtyýar, şadyýan, dogumly duýsun. Bu elimizden gelýän, başarýan zadymyz ahyry. Oňa sähel bir zeper ýetäýse, ýene-de ynjaýan, kösenýän özümiz ahyry.

Eziz okyjy!

Beden we ruhy sagdynlygy hasyl etmek üçin özümizi dem-dynçdan, degşip-gülüşmekden mahrum etmeli däldiris. (Ýöne, dem-dynja gyzygyp, işe girişip bilmän, sowap hem galmaly däldiris). Biziň durmuşymyzda yhlasyň, janypkeşligiň, gaýratyň, belent maksadyň, ruhubelentligiň, hümmetliligiň we şol bir wagtda hem mahal-mahal ýaýnap ýazylyp dem-dynç almagyň öz orny bolmalydyr. Wagtynda alnan dem-dynç indiki işlerimize has uly gaýrat bilen çemeleşmäge täze höwes döreder, täze güýç-kuwwat, takat berer.

*Hereket et:*

*1. Her hepdede belli bir wagty diňe dem-dynç almaga sarp et.*

*2. Dem-dynç alýan wagtyň diňe şol rahatlykdan lezzet almaga çalyş. Şol pursatda başga aladalaryňy unut. «Dünýäni suw alsa-da, topugyndan däl» diýilýänlerden bol.*

*3. Dem-dynç alýan wagtyň el telefonyňy öçür, radio-telewizora hem tomaşa etme.*

*4. Bedeniňi gereginden artyk ýumşatma we oňa öte ýowuz hem darama.*

*5. Hatda kynçylykly, meseleli günleriňde hem özüňe dem-dynç bermelidigiňi, özüňi dürsemelidigiňi unutma.*

*6. Hemişe muny başarýandygyňa ynanyp gez. Özüňe ynamyň bolsun.*

*7. Hemişe özüňi ruhlandyryp, taplap, beýik işlere höweslendirip ýaşa!*



# AID AL-KARNI

## GAMGYN BOLMA!

## BAGTLY BOL, KÖŞEŞ, ÝYLGYR, RUHUBELENT BOL, GAMGYN BOLMA!

*Häzirki zaman arap dünýäsinde iň bir ýykgyn edilip okalýan eserleriň biri hökmünde ileri tutulýan bu kitap dünýäniň birnäçe dillerine terjime edildi. Bu kitap dargursaklyk dünýäsinde ýaşaýan, gaýgy-gamlardan we ünjülerden ýaňa egbarlap, egni ýegşeren ýa-da daşyny mähnet-muşakgatlar gurşan, ýa düşegini birahatlyga eýeledip, ukusyny aladalara aldyran adamlar üçin ýazylypdyr.*

*Bu kitap adamlaryň ruhubelent, şadyýan bolmagyny, ähli wagtda hem umytdan düşmezligini ündeýär. Geljegiňe bolan ynamy, şeýle hem duş gelýän böwetleri we kynçylyklary ýeňip biljekdigiňe bolan gaýraty terbiýeleýär. Ahlak arassalygy, watansöýüjilik, her bir zady ýagşa ýormaklyk, maksada okgunly hereket etmeklik ýaly, ilkinji nobatda, ýaşlara gerekli gylyk-häsiýetleri özüňde jemlemegiň ýollaryny salgy berýär. Ýylgyrmagy we özüňi bagtly duýmagy, ruhubelent bolmagy we ynjalmagy sargaýar.*

*Bu eser durmuş akymynyň tersine ýüzmegi, gutulgysyz takdyryň garşysyna gitmegi, däp-dessurlara boýun bolmazlygy we delilleri inkär etmegi düýbünden gadagan edýär. Gaýta ol özüňe ýakyn bir ýerden, göwün gulaklaryňa pyşyrdap: «Gözel geljegiň üçin köşeş, özüňe berlen mümkinçiliklere daýan, zehiniňden miweleri ýol, durmuşy tutuksy görkezýän zatlary, ömür gussalaryny we ýörelen ýoluň argynlygyny hemişelik unut» diýmek isleýär.*

* 16. Sargyt № 975

# GIRIŞ

Allaha şükür! Allanyň mübärek pygamberi Muhammede hem-de onuň päkize nesil-neberesine, ähli eshaplaryna ýagşy alkyş-dileg, salam we salawat bolsun!

Belki, saňa «Gamgyn bolma!» atly bu eseri okap, ondan peýdalanmak bagty miýesser eder. Kitaby okamazyňdan öň sagdyn paýhasa we arassa akyla berilmegiňi isleýärin. Bu ähli meselede esasy zatlaryň biridir we ol ata-baba dowam edip gelýän ýagşy ýörelgedir.

Bir zady görmezden, datmazdan, ysgamazdan öň, ol hakda howul-hara netije çykarmak haýpdyr. Meseläni içgin seljermän, aýdylýan zatlary gözden geçirmän, dawagärleriň sözüni diňlemän, olaryň delillerini görmän we esasnamalary okaman, pitiwa bermek-höküm çykarmak, bisowatlygyň alamatydyr.

Men bu kitaby dargursaklyk dünýäsinde ýaşaýan, gaýgy-gamlardan we ünjülerden ýaňa egbarlap, egni ýegşeren ýa-da daşyny mähnet-muşakgatlar gurşan, ýa düşegini birahatlyga eýeledip, ukusyny aladalara aldyran adamlar üçin ýazdym.

Bu eserden aýatlary we şygyr bentlerini, suratlary we pentleri, örän ähmiýetli hem-de tapylgysyz maglumatlary, ýerlikli ulanylan nakyllary we sözleri, kyssalary we rowaýatlary taparsyňyz. Men ol ýere şuglaly hikmetleriň hem iň nurlusyny eredip guýdum: olar ýaraly ýürekleriň, argyn köňülleriň we gamgyn, lapykeç göwünleriň dermanydyr. Bu kitap adamlaryň ruhubelent, şadyýan bolmagyny, hiç bir pursatda hem umytdan düşmeli däldigini ündeýär. Geljegiňe bolan ynamy, şeýle hem duş gelýän böwetleri we kynçylyklary ýeňip biljekdigiňe bolan gaýraty terbiýeleýär. Ahlak arassalygy, watan-

söýüjilik, her bir zady ýagşa ýormak, maksada okgunly hereket etmek ýaly, ilkinji nobatda, ýaşlara gerekli gylyk-häsiýetleri özüňde jemlemegiň ýollaryny salgy berýär. Ýylgyrmagy we özüňi bagtly duýmagy, ruhubelent bolmagy we ynjalmagy sargaýar.

Bu kitap saňa şeýle diýýär: ýylgyr we özüňi bagtly duý, ruhubelent bol we ynjal. Bu kitabyň saňa ýene bir zatlar aýdasy gelýär: durmuşy bolşy ýaly kabul et, durmuşy hut öz bolşy ýaly gowulykda, razylykda, ajaýyplykda ýaşa!

Bu kitap seniň tebigata ters gelýän hatalaryňy, säwlikleriňi düzeltmegiňe, ýol-ýörelgeler, adamlar, zatlar, wagt we mekan bilen sazlaşykly ýaşamagyňa kömek eder.

Bu kitap durmuş akymynyň tersine ýüzmegi, gutulgysyz takdyryň garşysyna gitmegi, däp-dessurlara boýun bolmazlygy we delilleri inkär etmegi düýbünden gadagan edýär. Gaýta, ol özüňe ýakyn bir ýerden, göwün gulaklaryňa pyşyrdap: «Gözel geljegiň üçin köşeş, özüňe berlen mümkinçiliklere daýan, zehiniňden miweleri ýol, durmuşy tutuksy görkezýän zatlary, ömür gussalaryny we ýörelen ýoluň argynlygyny hemişelik unut» diýmek isleýär.

Ilki bilen nazara alynmaly möhüm zatlaryň käbirini ýatladasym gelýär:

Birinjiden, kitabyň baş maksady bagtyýarlygy, rahatlygy, asudalygy çekmek we ýürekleriň giňligini gazanmakdan ybarat. Çünki umyt, ynam, her bir zady ýagşa ýormak, göwni giňlik we şadyýanlyk gülleýän durmuşa gapy açyp bermekdir. Elbetde, bularyň ählisi Allatagalanyň bendelerine bolan mähremligini we geçirimliligini ýatlatmakdan, her bir işde bir Allaha bil baglamakdan, Allanyň edýän her bir işiniň elmydama biziň bähbidimiz we bagtymyz üçindigini bilmekden, ýazgyda ten berip, takdyra boýun bolmakdan, şu günüň (döwrüň) özünde ýaşamakdan we geljegi gaýgy edip, alada batmazlykdan, Allanyň bagyş eden nygmatlaryny ýatlamakdan ybaratdyr.

Ikinjiden, bu ynsan köňlüni eýelän we barha kejikdirýän aladalary hem-de gaýgy-gamlary, gynançlary we lapykeçlikleri, birahat-

lyklary we seriň dumanyny, dargursaklygy, ruhy çökgünligi, umytsyzlygy, dünýäden doýgunlygy we durmuşa höwessizligi kowmaga edilen synanyşykdyr.

Üçünjiden, Bu kitaba Kurany-Kerimde beýan edilen jümlelerden degişlisini ýygnadym, Pygamberimiziň mübärek sözlerinden many-mazmuna laýyk gelenini saýladym, akyla jaý jümleleri, ýörgünli nakyllary, ybratly, manyly kyssalary, täsirli goşgy setirlerini, hekimleriň, tebipleriň we edebiýatçylaryň ol hakda aýdyp geçen sözlerini, durmuşdan toplanan tejribeler dessesini we ýatlamaga laýyk gören zatlarymy, ýönekeý wagyz, geldi-geçer pikir, syýasy hokga däl-de, çynlakaý aýdylan sözleri girizdim. Bu kitap seni bagtly etmäge erjellik bilen çagyrýan bir çakylykdyr.

Dördünjiden, bu kitap araplar we gaýry milletler üçin ýazylandyr. Men bu esere ynsanyýet köňlüne ornan pähimli şygyrlary we inçe manylary girizdim. Elbetde, her ädimde, her demde Beýik Perwerdigärimiziň ündän dürs, düzüw we sagdyn ýoluna eýerdim, diýjek sözlerimi, ýaňzytjak pikirlerimi şol ýola görä saýladym.

Bäşinjiden, kitabyň içinde gündogar we günbatar şahslarynyň aýdan sözlerine hem gabat gelersiňiz. Maksadalaýyk, mazmuna bap, göwne jaý bolan ýerinde ol sözleri ulanmak aýyp-nogsan däldir, çünki «Ylym-hikmet musulmanyň ýitigidir, nireden tapsa, alybermelidir» diýilýär.

Altynjydan, okyjylara ýeňillik döretmek üçin, aňsat okamaklary we ýatlarynda berk saklamaklyklary üçin, kitabyma goşmaça düşündirişler girizmekden saklandym. Goý, okalýan zat dowamly, pikirler hem üznüksiz bolsun. Has köp ulanylan çeşmeleri eseriň ahyrynda getirdim.

Ýedinjiden, mysal alynýan aýatdyr süreleriň, goşgudyr sözleriň sahypasyny, setirini ýazyp oturmadym, has oňaýly bolsun diýen öňki ýörelgäme eýerdim. Bu usuly has ygtybarly, has peýdaly gördüm. Käteler gysgaça, käteler dolulygyna aldym. Käbir zatlary öz düşünişime görä beýan etdim.

Sekizinjiden, bu kitaby yzygider baplara we pasyllara bölmedim, dürli-dümenligi eý gördüm. Belki-de, bir zat hakda söhbet edip otyrkam, başga has gyzykly pikirlere ulaşyp gidýändirin. Belki-de öň ýatlan bir pikirimi has soňrak has-da berkidýändirin. Bu okyja örän gyzykly bolmagy, göze gelüwli we ýatda galyjy bolmagy üçindir.

Dokuzynjydan, aýatlaryň san belgilerini we hadyslaryň delil zynjyryny ýazyp, sözi uzaldyp oturmadym. Gowşak hadys bolsa, gowşakdygyny ýatladym. Sahyh we ygtybarly bolsa, ony hem ýatlap ötdüm ýa-da agzaman, dyman ýerlerimem bardyr. Bulary eseriň gysgadan ykjam bolmagy üçin etdim. Şol bir zadyň zol-zol gaýtalanyp durmazlygy, irizmezligi we ýürege düşmezligi üçin şeýtdim.

Onunjydan, okyjynyň nazary käbir sözlemleriň dürli ýerlerde dürli manylarda, başgaça äheňlerde, üýtgeşik röwüşlerde ulanylandygyna kaklyşar. Elbetde, bu zatlary öz pikirlerimi delillendirmek üçin ulanyp bolýan usullarda peýdalanmagy maksat edipdim. Bir meseläni, bir pikiri birnäçe sözler, hikmetler, nakyllar, baý maglumatlar bilen delillendirmek, has ýatda galyjydyr. Kurany-Kerimi yzygider okaýan we onuň ündewlerine eýerýän adam muňa basym göz ýetirer.

Ine, okamaga girişmezinden öň saňa aýtmak islän on maslahatym. Bu kitaby okamak islänlere berjek öwüdim. Belki-de bu kitap habarlara (gürrüňlere) dogruçyllyk, hökümlere adyllyk, sözlere ynsaplylyk, ylymlara anyklyk (takyklyk), garaýyşlara berklik, köňül gözlerine röwşenlik çaýmaga kömek eder.

Men bu sözler bilen hemmelere ýüzlenýärin we ol ýerde hemmeler hakda aýdýaryn. Aýratyn bir topary, aýratyn bir nesli, bir bölek kowumy ýa-da haýsy hem bolsa bir ülkäni göz öňünde tutmaýaryn. Bu kitap bagtly ýaşamak isleýän her bir adama niýetlenendir.

«Men bu dürleri ýüpe düzüp, öz ugruna goýdum,

Güneş bolmasa-da, ol ýaldyrap dur, Aý bolmasa-da, ol ýalkym saçyp dur.

Onuň gözleri jady, maňlaýy mübärekdir,

Allaha şükür, onuň gaşlary, kirpikleri, gözleri we ýaňaklary gör neneň täsin».

***

## EÝ, ALLAH!

«Göklerde we ýerde bolan her bir zat özüniň mätäç zadyny diňe Ondan dilärler. Bu barlygy her pursatda dolandyryp duran bir Allahdyr».

Deňizler möwjese, tolkunlar gomasa, ýeller öwüsse, gämidäkiler «Eý, Allah!» diýip seslenerler.

Sähralykdan barýan ugruny ýitirse, (ýolundan sowulsa, çölde azaşsa), ulaglar ýolda agsa, kerwen ýoluny ýitirse, «Eý, Allah!» diýip seslenerler.

Bir bela duçar bolunsa, bela daňysy çözülip, heläkçilik başa inse, derdi-mähnet artyp ugrasa, başy dertliler «Eý, Allah!» diýip seslenerler.

Mätäçleriň barara jaýy bolman, talap gapylary baglansa, saýyllaryň naýynjar ýüzüne galyň perdeler çekilse, olar «Eý, Allah!» diýip seslenerler.

Çäredir alaçlar netije bermese, ýöreljek ýollar daralsa, umytlar tükense, ýüpler üzülse, arzuwlar gugaryp galsa, adamlar «Eý, Allah!» diýip seslenerler.

Bu giň dünýä gursagyňy gysyp gowursa (Ýeriň bu ýaýbaňlygy, dünýäniň bu giňligi saňa dar görünse), egniňden basýan ýükler göterip biljegiňden agyr görünse, ýagyrnyňy ýegşerdip, köňlüňe agram salsa, ýüregiň daralsa, sen pyşyrdap «Eý, Allah!» diýip seslenersiň.

Ýakymly sözler, halys ýürekden edilen ýagşy dileg-dogalar, gözel we sogaply amallar, çuň we çyn pyşyrdylar, günäsiz gözýaşlar, ýiti agyrylardan çykan iňlemeler, elbetde, onuň dergahynda has gowy eşidilýändir.

Säherde aýalar Oňa tarap açylar, mätäçlikde eller Oňa tarap uzalar, başagaýlykda gözler Oňa tarap sereder, hadysalarda dilegler Oňa tarap gönüger.

Diller Onuň ady bilen gurbatlanar, Onuň ady bilen kömek-ýardam sorar, Onuň adyny gaýtalar we elmydama Ony çagyrar. Ýürekler Ony ýatlamak bilen köşeşer we ruhlar Ony ýatlamak bilen ynjalar. Ony ýatlamak bilen duýgular köşeşer we beýniler sowar. Akyllar ýerine geler we aňlar karar tapar, ynjalar. Çünki «Allah bendesine örän mähribandyr, Latyfdyr».

Allah: iň gowy at, iň owadan harplar, örän hak aýdylan söz we iň gymmatly keleme. «Heý-de Onuň atdaşy bardyr öýdýärmiň?!».

Allah: baýlyk we bakylyk, güýç-kuwwatlylyk we üstünlik, beýiklik, bar zady başarmaklyk we her bir zatda hikmetlilikdir, «Bu gün hökmürowanlyk kime degişlidir diýilse, aýdyň «Ähli zadyň erki--hökmi bar zady boýun ediji Biribar Allanyňkydyr».

Allah: lutfy-kerem we enaýat sahybydyr, ýardam goly we hemaýatdyr, mähir-muhabbet we haýyr-yhsandyr – «Size berlen her bir nygmat Alla tarapyndyr».

Eý, Allahym, ýanar oduň ýerini tesellä (gülzarlyga) öwür, gaýgynyň öwezini şatlyk bilen doldur, howp-hatarda asudalyk we amanlyk ber. Eý, Allahym, ýürekleriň gyzgyn howruny paýhas gary bilen sowat. Ruhlaryň gyzgyn közüni iman suwy bilen söndür.

Eý, Perwerdigärim, aladalardan ýaňa ukusyz gözlere Öz dergähiňden asudalyk, ynjalyk we rahat uky ber, çaýkanyp duran nebislere (köňüllere) ynjalyk-karar ber, olary golaý gelen ýeňiş-üstünlik bilen ruhlandyr. Eý Perwerdigärim, çaşgyn, aljyraňňy gözleri Öz nuruňa gönükdir, azaşan, ýoldan sowlan ýollary dogry ýoluňa sap, ýoluňdan sowa düşenleri hidaýatyňa sal, gönükdir.

Eý, Allahym, ýagty nurly sadyk daňlar bilen göwünleriň was-wasyny aýyr, hak esgerleri bilen batyl wyždanlary sow, sap-sap duran (perişdeleriň) esgerleriň bilen şeýtan hilelerini yzyna serpikdir.

Eý, Allahym, biziň gaýgylarymyzy gidir, ünjülerimizi aýyr, köňüllerimiziň birahatlygyny kowup çykar.

Eý, Allahym, Senden özgelerden gorkmaly etmäweri, Senden başgalara daýanmaly etmäweri, Senden başgalara bil baglamaly etmäweri, Senden başgalardan dilemeli etmäweri, Senden başgalardan

ýardam soramaly etmäweri, Sen biziň Eýämiz, iň gözel Möwlamymyz we iň gowy Ýardamçymyzsyň.

***

## BAGTLY BOL!

*(Bagtly bolmagyň 30 ýoly)*

– Ynam we salyh amallar ajaýyp durmuşyň syrydyr, bu ikisini mäkäm tut.

– Ylym-bilim al, hergiz okamakdan araňy üzme – bular aladalary gidirer.

– Täzeden toba daýan-da, gabahat işleri taşla. Ters hereketler durmuşy tutuksy görkezer.

– Elmydama Allany ýatla, Oňa bil bagla!

– Adamlara ýagşylyk et, ýüregiň giňär.

– Mert bol, gorkak, ýelýürek bolma. Mertlik ýüregiňi giňelder.

– Ýüregiňi göriplikden, kine-kitüwden, kezzaplykdan, gözboýagçylykdan we her bir ýaramaz häsiýetlerden arassa sakla.

– Artykmaç göz aýlama, artykmaç sözleme, gerekmejek zatlary diňleme, manysyz gürrüňlere gulak gabartma, mynasyp däl adamlar bilen oturyşma, artykmaç iýip-içme we artykmaç ýatma.

– Netijeli işe ýüregiň bilen, düýrmegiň bilen beril, şonda ähli aladalaryňy we gaýgy-gamlaryňy unudarsyň.

– Şu günüň bilen ýaşa, düýnüňi we ertiriňi ýadyňa salyp, gaýga batyp ýa-da howpurgap oturma.

– Görk-keşp, rysk, saglyk we beýlekiler babatda özüňden peslere göz aýla we öz günüňe şükür et.

– Bolup biläýjek iň ýaramaz netijäni hem saldarlap gör, soňra şoňa görä hereket et, birdenkä ol ýüze çykaýsa-da, ýeňip geçmek ruhy taýdan ýeňil düşer.

– Aň-zehiniňi gorkunç hyýallaryň, eýmenç pikirleriň yzynda sergezdan, ýesir etme, pikiriňi ýaramaz endişeleriň arkasynda selpedip ýörme.

– Gaharlanma, sabyr et, saklan, gaharyňy gizle, ýumşa we geçirimli bol. Ömür öýke göterip ýörerden örän gysgadyr.

– Allanyň berýän nygmatlarynyň tükenip, hor-harlygyň güzer etjekdigini göz öňüne hem getirip oturma, her bir ýagdaýda Biribara daýan, arkaýyn we bagtly ýaşarsyň.

– Her bir müşgüllige, her bir kynçylyga öz tebigy göwrümi bilen gara, olary çişirip, göz öňüne getirme.

– Özüňe garşy dil düwüşýändirler öýdüp ýörme, erbetlige garaşmak ýaly ýaramaz duýgulardan doly saplan.

– Durmuşy ýönekeýleşdir, çylşyrymlaşdyrma. Gereginden artyk bol-telkilige çümjek bolma. Artykmaç eşret artykmaç aladadyr. Bedeniňi barha ýumşatmaklyk ruhuňa barha ezýet bermekdir.

– Özüňe berlen nygmatlary we başyňa düşen kynçylyklary deňeşdirip gör, haýsy birini alanyňda hem, gazanan sogabyň özüňedir. Girdeji elmydama ýitgiden üstün geler durar.

– Adyňa aýdylan ýaramaz sözler saňa zelel bermez, ol diňe şol sözleri aýdana zyýan getirer. Şonuň üçin olar hakda asla başyňy agyrtma.

– Pikirleriňi tertibe sal, elmydama sagdyn we gowy pikir et: diňe Allanyň berjek nygmatlary, gazanyp boljak üstünlikler we artykmaçlyklar hakda oýlan.

– Hiç kimden taňryýalkasyna garaşma. Muny etmäge seniň hakyň hem ýokdur. Her bir ýagşylygy diňe Allanyň razylygy üçin et!

– Özüňe peýdaly meýilnama düz, elmydama şony amal etmegiň pikirleri bilen ýaşa, ýollaryny agtar, şol işlere meşgul bol, alada-ünjüler golaýyňa hem gelmez.

– Ähli ýagdaýlarda hem amalyň jylawyny eliňden sypdyrma, şu gün bitirip biljek işiňi ertire goýma.

– Adyňa mynasyp bolan, özüňe gelşip duran peýdaly hünärleri öwren, haýsy işi edeniňde has ynjalyk tapýan bolsaň, şoňa hem ýapyş (ýüregiň ynjalyk tapýan peýdaly işini tap).

– Allanyň saňa beren nygmatlary hakda pikirlen, şüküranalyk bilen gürle hem-de munuň üçin Allaha şükür et.

– Allanyň saňa beren her bir nygmatyna: saglyk, baýlyk, maşgala, iş babatda kanagatly we şükürana bol.

– Ýakyn-u ýat, tanyş we nätanyş adamlar bilen elmydama güler ýüzli gatnaş, olaryň gowy taraplaryny gör we aýyplaryna gözüňi ýum.

– Adamlaryň säwligini yzarlap, gep-gürrüňlerini ýaýratmagy, çylkasyz sözlerini çintgäp, gybatyny edip ýörmegi bes et.

– Pyýada ýöremäge, sport bilen meşgullanmaga endik et, saglygyňa üns ber.

– Elmydama Alladan özür-ötünç, saglyk, ýaramly hal-ýagdaý we sag-salamatlyk dile.

***

## PIKIR ET WE ŞÜKÜR ET!

Şükür etmegiň manysy: dabanyňdan depäňe çenli Allanyň beren nygmatlaryna çümüp oturan bolsaň, bu nygmatlary bereniň Alladygyny ýadyňdan çykarmazlykdyr.

Siz Ýaradanyň beren nygmatlaryny sanap, soňuna ýetip bilmersiňiz: beden saglygy, ýurt asudalygy, saçagyňda iýip-içgiň, süňňüňde egin örtgüň barlygy, dem alara howa, ganara suw tapdyrýan bolsa, dünýäniň wajyp nygmaty seniň eliňde eken, sen bolsa bu zatlary duýmaýarsyň. Sen ýaşap ýörsüň, ýöne özüňde bar zadyň gymmatyny bilmeýärsiň, «Allatagala sizi aýdyň we pynhan nygmatlar bilen bezedi: iki gözüň bar, bir diliň, iki dodagyň bar, iki eliň, iki aýagyň bar – «Siz Allanyň beren haýsy nygmatyny görmezlige salýarsyňyz?». Aýaklaryň bilen ýöräp gidibermek aňsat meselemi, kyn zat däldir, ýöne eger aýaksyz galan bolsa, alajy näme? Tirsekleriňe daýanyp, garyňa galarsyň, eger gollaryň kesilen bolsa näme? Sen dünýäni unudyp, gözleriňi ukudan gandyrýansyň, aladasy, agyrysy başdan agyp, ukusy gözden uçanlar näme? Işdämenlik bilen iýýän naharyň, ganyp içýän sowuk suwuň nygmat dälmi, ol ýerde duz dadyp bilmän, dert-

-yza zerarly işdäsi tutulyp, bogazyndan bir damja suw geçmeýänler bar ahyry?! Gulagyň eşidip duranlygyny ýadyňa sal, Alla seni kerlik, güňlük keselinden aman saklap ýör. Gözüň görüp durandygy hakda pikir et, Alla seni körlük apatyndan gorap ýör. Sagdyn süňňüňe seret, Alla seni pislikden, heýwereden abat saklap ýör. Akyl-huşuňa, aňyňa göz aýla, Alla seni öz akylyňda, öz aýagyňda saklaýar, däli-mejnun, akylyndan azaşan etmändir ahyry.

Bir gözüňe derek daglar ýaly altyn hödürleseler çalşarmydyň? Eşidiş ukybyňa derek gowak doly kümüş teklip etseler satarmydyň? Diliňe derek bag-bossanly, gül-çemenli köşkleri satyn alyp, lal galasyň gelermi? Gatbar-gatbar merjen monjuklara, dür dänelerine derek golak galasyň gelermi? Sen şeýle bir bol-telki nygmatyň, jan saglygynyň içinde ýaşaýarsyň, ýöne bu zatlara ähmiýet bermeýärsiň. Elmydama aladaly, ünjüli, gaýgy-gamly, tukat gezip ýörsüň. Saçagyňda ýyly çörek, howzuňda sowuk suw, düşegiňde rahat uky, süňňüňde saglyk barka, özüňde ýok ýa-da elden gideren zatlaryň hakda uly pikir edip, özüňde bar zatlar üçin şükür etmeýärsiň. Eliňde bagtyň açary, haýyrly işleri bitirmäge ukybyň, akylyň, Alla tarapyndan berlen zehiniň we ýene-de bähbitli birnäçe zatlar barka, maddy ýitgiler üçin ynjalykdan gaçýarsyň. Pikir et we şükür et! «Hatda özüňizde hem bihasap nygmatlar bardyr, siz ony henizem göreňzokmy, duýaňzokmy?». Özüň hakda, maşgalaň, çagalaryň, öýüň, iş-amalyň, saglygyň, dostlaryň, töweregiňde öz dünýäň barlygyny akylyňa aýla we şükür et! «Allanyň nygmatlaryny bilip, soňra ony unudýan» adamlardan bolma!

****

## GEÇEN GEÇDI

Geçeni ýatlap, geçmişiň hyýalynda gezmek, geçmişi yzyna dolajak bolmak, öten günüň hesretine gyýlyp ýörmek akmaklyk we dälilikdir, erk-islegiňe tagna salyp, oňa kast etmekdir, häzirki durmuşyň ýoguna ýanmakdyr. Akyldarlar geçmişiň hasap depderini düýrleýärler hem-de ol hakda söhbet etjek bolmaýarlar. Ony ebedilik unutganlyk



zyndanyna, açary ýitirilen gulpuň aňyrsyna oklaýarlar. Perwaýsyzlyk türmesinde goluny, aýagyny berk gandallap goýýarlar we ol ýerden çykarmak hakda asla pikirem etmeýärler. Ol hiç hili yş we ýagtylyk görmän, şol ýerde galyberýär. Sebäbi ol gutaran, geçen zat. Gaýgy-gam ony yzyna gaýtaryp bilmez. Pikir-alada ony dikeldip bilmez. Ünji-oý ony sagaldyp bilmez. Hasratam ony gaýtadan direldip bilmez, sebäbi ol indi ýokluk, bolmajak, dolanmajak zat.

Geçmişiň garabasmasyna berilme we ötegçi kölegelerde saklanma. Özüňi geçmişiň salgymyna kowalamakdan halas et. Derýalary gözbaşyna, Güni dogýan ýerine, çagany enesiniň göwresine, süýdi göwüslere, gözýaşlary göze tarap yzyna öwürmek isleýärmiň?! Gaýdyp dolanmajak zatlaryň hyýalynda gezmek, bolup geçen zatlary gaýta-gaýta pikiriňde göterip, ahmyr çekip, öteniň oduna örtenip ýörmek – gynançly, gorkuly, eýmendiriji, haýykdyryjy ýagdaýdyr.

Düýnki günüň depderlerini okasaň, bu günüňi elden gidererersiň, yhlasyňy dyr-pytrak edersiň, häzirki sagatda bitirmeli zatlaryňa hötde gelip bilmersiň. Allatagala öten kowumlary we olaryň eden işlerini ýatlap «Olar eýýäm geçip giden kowum» diýip aýtdy. Iş soňlandy, wagt gutardy. Zamanaň göwresini uzaltmak üçin amalyýet geçirilmeýär, amal edibem, döwri dolap bolanok. Müň tilsim ulanybam, taryhyň çarhyny yzyna dolamak mümkin däl. Ol gitdi.

Könäniň küýüne berlip, geçeni yzyna dolamak isleýän adam öň üwelen uny gaýtadan degirmene guýýan adam ýalydyr. Agaç üpüllerini gaýtadan ýonmak isleýän neçjar mysalydyr. Geçmişine gözýaş dökýän adam hakda gadymdan bäri aýdylýan bir söz bar: «Merhumlary göründen yzyna çykarjak bolma» diýilýär. Haýwanlaryň diline düşgür adamlaryň biri: «Sen näme üçin beýleki haýwanlar ýaly gäwüşäňok?» diýip, eşekden sorapdyr. Eşek: «Men ýalan, esassyz hereketleri halamaýaryn» diýip, jogap beripdir.

Biziň özümizi dürsemegimize bökdençlik döredýän, ejizlige salýan esasy kynçylyk şu günümizi unudyp, geçmişiň pikirlerine aşa köp berilmegimizdir. Owadan köşklerimize biperwaý bakýarys-da, döwük köprülerde nazarymyzy egleýäris, ýöne yns-u-jynlar birigip,

bir hörpden gopsa-da, olar geçmişi yzyna dolap bilmezler. Bu bolmajak zat.

Öňe gidilýän ýolda adamlar yzyna garajak bolmasyn, ýeňsesine tiňke dikip durmasyn. Ýel elmydama öňe tarap öwüsýändir. Suw öňe tarap akýandyr. Kerwen öňe tarap ýöreýändir. Sen durmuşyň bu däbine ters hereket etmegin!

***

## TANKYT-TEÝENÄ DÖZ GELMEK

Gününden nägile, Allanyň berenine näşükür, nygmata bigadyr adamlar rysgal berýän we etjek işini anyk bilýän Beýik Ýaradandan hem närazy bolup, Biribardan zeýrenýärler. Ýeri, onsoň ýazygy, günäsi çökder bolan ikimiz ýalylar şeýle adamlardan nämä garaşsyn? Olara gulak gabartjak bolsaň, onda durmuşyňy uruş-darkaş bilen ötürmeli bolýarsyň. Olaryň ajy, hiç hili rehim-şepagaty, geçirimliligi, pälinden gaýtmyşy bolmadyk tankydy bilen ýüzbe-ýüz bolarsyň. Sen olaryň bilkastlaýyn we öň torç edilen sapaklarynyň öňünde döwülermiň? Bilgeşleýin kemsitmelerine çydam etmän, ejizlärmiň?

Çydamly bol, beýik bolarsyň. Gaýalar ýaly dym, haýbatly bolarsyň. Depäňden inýän doly däneleri hem saňa gelip urlanda, özi döwülsin dursun. Mäkämlik, sarsmazlyk, ýanbermezlik beýikligiňi, başarnygyňy we barlygyňy saklap galmak üçin zerurlykdyr. Eger-de sen bu zeýilli adamlaryň boş gürrüňlerine gulagyňy gabardyp, olaryň hörpünden gopjak bolsaň, öz arzuwlaryňy däl-de, olaryň matlaplaryny hasyl etjek bolsaň, onda durmuşyňy bulandyryp, ömrüňi çaňa garmaly bolarsyň. Heý, adam ogly, olara görä gopma-da, elmydama ýagşy niýetde, ýagşy amalda, ýagşy edepde bol. Olardan ýüz öwür we olaryň edýän hile-mekirliklerinden hiç wagt howatyrlanma. Ynsan gatnaşyklary sözlüginde olaryň bu bişeýkel tankytlary köpçüligiň saňa bolan hormaty hökmünde terjime edilýär. Jemgyýetdäki ornuňa, agramyňa görä hem seniň tankydyň, teýenäň artar durar.

Sen hiç mahal olary agyzzyryklap (agzyny baglap) bilmersiň. Dillerini daňyp bilmersiň. Ýöne sen olaryň teýenesini, tankydyny öz hoşgylaw häsiýetiň, haýyr işe yhlasyň, olaryň sözlerine bolan biperwaýlygyň, gürrüňlerine üns bermezligiň bilen ýere depin edip bilersiň. Artykmaç gylyk-häsiýetleriň, haýyr-sahawatlaryň, şähdaçyk güleryüzlüligiň bilen, gowy häsiýetleriňi has köpeldip, egri ýerleriňi düzetmek arkaly, olaryň hindi burçy ýaly ajap duran agyzlaryna suw sepip bilersiň. Eger-de sen ähli adamyň ýanynda salykatly, hiç kimiň göwnüni ýykmaýan, ähli nogsanlyklardan sap adam bolmak isleseň, sen bu maksadyňa hiç wagt ýetip bilmersiň. Bu seniň bolmajak zady isleýändigiňi aňladýar, çünki ähli adamlaryň göwnünden turmak mümkin däldir.

***

## «HER BIR KYNÇYLYGYŇ ÝANYNDA ÝEŇILLIK BARDYR»

Eý, adam ogly, açlygyň soňunda dokluk, teşneligiň soňunda ganmaklyk, ukusyzlygyň soňunda rahat ýatmaklyk, hassalygyň soňunda saglyk bardyr. Gaýyp adam gaýdyp geler, azaşan ýoluny tapar, kynçylyklar çözüler, tümlük perdesi syrylar. «Belki, Allatagala bir üstünlik-ýeňşi ýa-da öz ýanyndan bir ajaýyp işi hasyl eder».

Gijelere buşla, agaryp gelýän daň bu garaňkylygy daglaryň başyna we jülgeleriň törüne umma kowar. Gaýgyly bendä buşla, duýdansyz şatlyk ýagtylyk tizliginde, göz ýumup-açasy salymda gelýändir. Halys eňki agan (çöken) adamlara buşla, olar üçin gizlin (inçe) lutfy-kerem, olaryň aladasyny edýän mährem, mylaýym aýa bardyr.

Uzalyp-uzalyp, ymgyr-ymgyr bolup ýatan çägelikleri görseň, bilgin, olaryň aňyrsynda ýaşyl begres atynyp oturan bossanlyklar we goýry saýalar bardyr.

Çekilip-çekilip, dartylyp barýan ýüpi görseň, bilgin, ol hökman üzülýändir.

Gözýaşyň soňunda ýylgyryş, gorky sowlansoň, arkaýynlyk, dowul ýatyşansoň, ynjalyk bardyr.

Asmana çabrap duran ýalyn Ybraýym Halylullany ýakmady, çünki Beýik Perwerdigäriň ylahy enaýaty oňa çykalga-penjire açdy. Ol oda «Ybraýym üçin sowuk we salamat bol» diýildi, bes, ýanyp duran ot gülzarlyga öwrüldi.

Çyrpynyp ýatan deňiz Musa Kelimullany ýuwutmady, çünki onuň ýüreginden çykýan ses batly we ynamly ýaňlanýardy: «Ýok, çünki meni dogry ýola gönükdirýän Perwerdigärim meniň bilendir». Deňiz ikä böwsüldi, ötere ýol açyldy, bular halas boldy.

Gowakda gizlenen hezreti Muhammet Resulalla öz ýoldaşyna «Senasy beýik ol Perwerdigär biziň bilendir» diýip, ýoldaşyny köşeşdirdi. Olar şeýdip howpsuzlyga, gutulyşa we rahatlyga gowuşdylar.

Wagtlaýyn kynçylyklaryň ýesiri we ötegçi ýagdaýlaryň guly bolýan adamlar, durmuşda kynçylykdan, agramçylykdan, darlykdan, argynlykdan, ysgyn-mydarsyzlykdan başga zady görmezler. Sebäbi bular diňe jaýyň diwaryny we howlynyň girelgesini görýärler-de, durýarlar. A-how, adamlar, görünmeýänem bolsa, gapy bar bolsa, aňyrsynda bir zadyň hökman bolaýmalydygyna akyl ýetiriň, aň ediň, göz aýlaň ahyry. Batly pikirleriň jylawyny şol diwarlaryň aňyrsyndaky zatlara tarap gönükdiriň.

Onda, adam ogly, biderek ýere howsala düşme, şol bir ýagdaýyň elmydama dowam etmegi mümkin däl. Şatlyklara garaşyp gezmegiň özi ybadatdyr. Günler ötegçi, döwür çalşagan, gijeler syrly, gaýyp zatlaryň üsti örtülgi. «Alladan başga hiç kim hiç zat bilmez, hiç kim hiç zada kepil geçip bilmez». Ähli zady adyl çözüji Alla her gün öz ornundadyr, belki, Allatagala mundan soň has haýyrly işleri hasyl eder, «elbetde, her bir kynçylygyň ýanynda ýeňillik (hezillik) bardyr, her bir kynçylygyň ýanynda hökman ýeňillik bardyr».

***

# GARANTGA BOLMA!

Özgeleriň şahsyýetini özüňe köýneklik edinme. Gaýrylaryň donuna bürenme! Örän köp adamlar özgelere meňzejek bolup, özlerini, öz seslerini, owazlaryny we hereketlerini, öz kelamlaryny, öz ukyp-başarnyklaryny, öz zehinlerini, özlerine mahsus we mynasyp gelýän hal-ýagdaýlaryny ýatlaryndan çykarýarlar. Şeýdibem, barlygyň ýok bolmagyna, çüpremegine, rehnetiň mähnete öwrülmegine sebäp bolýarlar.

Adam atadan iň soňky ýaradylan adam balasyna çenli keşp, görk we häsiýet babatda bir-birine gabat gelen ýekeje adam hem ýokdur, ýeri, onsoň olar ukyp-zehin, başarnyk, gylyk-häsiýet babatda meňzeş bolar öýdýäňizmi?

Sen taryhda deňi-taýy bolmadyk we geljekde hem meňzeşi bolmajak aýratyn bir şahs.

Sen Myratdan, Omardan büs-bütin tapawutly adam, şonuň üçin özüňi olara öýkünmek, kesekä meňzejek bolmak, olaryň keşbinde eräp gitmek arzuwlarynda janlandyrma.

Sen öz zehiniňe we tebigatyňa dolan! «Adamlaryň her biri öz güzerini, nireden suw içmelidigini (özlerine degişli suwy, ýoly) bilýändir», «Ähli tarapa öwürýän Oldur, elmydama haýyrly zatlary saýlap alyň». Ýaradylyşyň ýaly ýaşa, sesiňi üýtgetme, äheňiňe bat berme (çalyşma), ýöreýşiňi bozjak bolma, özüňi arassa pikirler bilen terbiýele, ýöne hiç haçan özlügiňi inkär etme we erkinligiňi elden berme.

Seniň özboluşly tagamyň, özboluşly reňkiň bar. Biz seni şol tagamyňda, şol reňkiňde – öz ajaýyplygyňda görmek isleýäris. Sebäbi sen şeýle ýaradylypsyň we biz seni hut şonuň ýaly gowy adam diýibem tanaýarys. Hiç biriňiz ýat eşige bürenen garantga bolmaň.

Adamlar tebigaty boýunça daragtlara meňzeýär: süýji we turşy, uzyn we gysga, goý, olar şeýle hem bolsunlar. Eger badam bolsaň, behä öwrüljek bolma. Sebäbi seniň owadanlygyň, jemalyň we gymmatyň seniň badamlygyňda jemlenip dur. Biziň dürli reňkdeligimiz,

* 17. Sargyt № 975

dürli dilde gürleýänligimiz, dürli başarnyklara hötde gelýändigimiz, dürlüçe güýç-kuwwatlydygymyz Ýaradanyň aýdyň alamatlarynyň biridir. Allanyň alamatlaryny inkär etmegin, ýoýmagyn.

***

## GAMGYN BOLMA!

Çünki sen düýn gynanyp-gyýylyp, darygyp gördüň, saňa gara şaýlyk haýry degdimi? Ogluň işi ugrukmady, gynananyň bilen, üstünlik gazandymy? Ene-ataň aradan çykdy, öte gyýlanyň bilen, yzyna direlip geldimi? Söwdada çökdüň, gaýga çümdüň, daryganyň bilen, ýitgiler girdejä öwrüldimi?

**Gamgyn bolma!** Sen bir bela-beter üçin gama batdyň, gaýta esse-esse dert gazandyň. Garyplygyňa gyýyldyň, gaýta artykmaç gaýgy-gussa çolandyň. Görip-bahyllaryň her bir sözi üçin ejir çekdiň, şeýdibem, olaryň heşelle kakmagyna kömek etdiň. «Bir ýaramaz iş ýüz beräýmesin» diýip, dowla düşüp, hasrata batdyň ýördüň, emma ol bolmady. Gury örteneniň galdy.

**Gamgyn bolma!** Kalbyňy gaýgy-gam, dargursaklyk eýelän bolsa, giň howlynyň, görmegeý ýanýoldaşyň, bol-telki malyň, abraýly wezipäniň, asylly-terbiýeli perzentleriň berýän ýakymyny, lezzetini asla duýup bilmersiň!

**Gamgyn bolma!** Gaýgy-gynanç süýji suwy şerebe, gül gozasyny türşek, bag-bossanlygy gök gögermez düzlük, durmuşy bolsa çydap bolmajak zyndan edip görkezer.

**Gamgyn bolma!** Şükür et: iki gözüň, iki gulagyň, iki dodagyň, iki eliň, iki aýagyň, bir diliň bar – sag-salamat. Günüň ganymat, ýurduň abat, süňňüň gurat. Ýeri mundan soň: «Perwerdigäriňiziň haýsy bir nygmatyny inkär etjek bolýarsyňyz?».

**Gamgyn bolma!** Arassa ynanç-ygtykadyň, ýatyp-örýän öýüň, iýere döwüm çöregiň, içere arassa suwuň, geýere egin-eşigiň, mährini berip duran ýanýoldaş-hemraň bar, ýeri, nämä darygyp, gynanýarsyň?

***

## BU GÜN SENIŇ GÜNÜŇDIR

Sen her gün hakda şeýle pikir et!

Säher bilen sag-aman ören bolsaň, garaňky agşamyň aladasyna baş agyrtma. Sen diňe şu günüňi bilip ýaşa. Haýry-şeri geçip giden düýn barada hem, heniz gelmedik ertir hakda hem agyr oýlara batma. Bu gün seniň üçin dogdy. Bu gündiz seniň üçin ýagtyldy. Sen bir günlük ömür berlen adam mysaly hereket et. Şu günde bitirjek işleriňi ebedilik durmuşyň maýasy hökmünde gör. Sen şu gün bilen dogulmaly, şu gün bilenem ýaşamaly, şonda seniň durmuşyň geçmişiň galagoply gyk-wagyna, gaýgysyna, gamyna büdremez. Geljegiň howsalaly göz öňüne getirmelerinden, gorkuly salgymlaryndan, heniz bolmadyk we aslynda hem bolmajak ýasama tümlüklerinden dowla düşmez. Diňe şu günüň üçin yhlas et! Sebäbi bu gün seniň üçin! Bu seniň günüň! Ähli hyýalyňy, ünsüňi, oýlap tapyjylygyňy, pikirleriňi, aň zähmetiňi we yhlasyňy diňe şu günüňe gönükdir. Sen hut şu gün üçin hökman namazyňy köňlüň bilen berlip oka, kitabyňy düşünip we amal edip oka, çuňňur oýlan, ýüregiňi dolduryp zikir et. Işleriňde sazlaşygy sakla, ýagşy gylykly we kysmatyňa razy bol, geýim-gejimiňe üns ber, bedeniň sagdynlygyny sakla, köpe bähbitli işiň başyny tut.

Seniň ýaşaýan şu günüň seniň günüňdir. Sen bu günüň sagatlaryny bölüşdir. Onuň minutlaryndan ýyllary, sekuntlaryndan aýlary ýasa. Bu günde ýagşylyk tohumlaryny ek. Abraýly işleri ornaşdyr, sogaply amallary ýola goý, haýyr işi ugrukdyr. Şu gün günäleriň ötülmegini dile. Perwerdigäriňi ýatla. Gozganmaga, hereket etmäge, çynlakaý işlemäge taýýarlan. Şu günüňi şatlykly we şadyýan, asudalykda we arkaýynlykda geçir. Şu günki rysgyňa razy bol. Ýanýoldaşyň, çagalaryň, wezipäň, öýüň üçin, ylmyň we ýeten derejäň üçin şükür et– Allanyň sözleri ýadyňda bolsun: «Berenlerimi al we şükür et». Sen bu güni gaýgy-gamsyz, darykmasyz, öýke-kinesiz, ýaramaz niýetsiz we göriplik etmän geçir.

Sen ýüregiň törüne, kalbyň tagtasyna, hatda oturýan stoluňa hem bir bölek jümläni ýaz «Bu gün seniň bagtly günüňdir». Sen şu gün mele-myssyk çöregi iýýän bolsaň, düýn iýlen gaty çörek nädip zelel

bersin ýa-da gelerine garaşylýan, ýöne heniz gelmedik ertiriň çöregi zyýan edip bilermi? Eger şu gün ýakymly, ýokumly we dury suw içýän bolsaň, näme üçin düýnki günüň duzly, läbik suwuny ýatlap, birahat boljak ýörjek? Ýa-da ertiriň gyzgyn suwuny göz öňüne getirip, örtenjek oturjak?!

Sen bu polat, gaýduwsyz, çydamly, dözümli erkiňe ýüregiň bilen ynansaň, «Ol bagtly güne çenli ýaşap bilmerin» diýen batyl garaýşy dyza çökerersiň. Şol pursatda şu günüň her bir pursadyny öz dünýäňi gurmagyň, özlügiňi berkitmegiň, ukyp-zehiniňi ösdürmegiň, ruhuňy taplamagyň, nebsiňi päklemegiň ugruna bagyş edersiň. Her pursady netijeli ulanmaga çalşarsyň. Sen özüňe aýt: «Gel, şü gün: gowy we ýakymly gürlemäge endik edeýin, paýyş sözleri dilime almaýyn, çylkasyz gürlemäýin, sögünmäýin, gybat etmäýin. Gel, şu günlükçe: öýümi we iş stolumy tertibe salaýyn. Özüme agram salmazdan, duýgularymda büdremezden, şu günüň işlerini höwes bilen ýerine ýetireýin. Bu nyzamlylyk we tertiplilikdir. Men diňe şu günüm üçin ýaşaýyn! Şu gün ýuwunaýyn, bedenimi arassalaýyn, özüme seredeýin, üstüme serenjam, syratyma üns bereýin. Ýöreýşimde, gürleýşimde, her bir hereketlerimde sazlaşygy, sypaýylygy we syrdamlylygy saklaýyn.

Diňe şu gün Perwerdigärimiň tagaty üçin yhlas bilen ybadat edeýin. Borçlarymy (namazlarymy) kämil we doly ýerine ýetireýin. Nepil namazlaryny hem okaýyn. Kurana berileýin. Kitaplaryma göz aýlaýyn. Gymmatly maglumatlary belläp alaýyn. Peýdaly kitaplary okaýyn.

Diňe şu gün üçin ýaşamaly bolsa, goý, şeýdeýin. Gel, şu gün ýüregime mertebe nahallaryny oturdyp, haýyr hasylyny gämikledeýin. Ol ýerdäki şer daragtyny we onuň ulumsylyk, özüňe göwnüýetijilik, ikiýüzlülik, göriplik, kineçillik, içi kitüwlilik, gözboýagçylyk, zandyýamanlyk ýaly tikenli şahalaryny köki bilen sogrup çykaýyn.

Men şu gün özgelere peýda bermek, ýagşylyk etmek üçin ýaşaýyn. Her kese haýyr-yhsan, gözel işler edeýin. Syrkaw-hassalaryň ha-

lyny soraýyn. Kazasy dolanlaryň jynazasyna görüneýin. Azaşanlara ýol görkezeýin. Açlary doýraýyn. Gaýgyly adamlary gaýgysyndan açaýyn. Naçar-mazlum bilen bile duraýyn. Ejize şepagat edeýin. Agyr güne uçranlara duýgudaşlyk, teselli bereýin. Alymlary hormatlaýyn. Kiçilere rehim edeýin, ululary sylaýyn.

Diňe şu gün üçin ynam bilen ýaşaýyn, diňe şu gün üçin yhlas edip işläýin.

Eý, ötüp giden, tamamlanan, ýok bolan geçmiş. Sen şol batan günüň ýaly bolup meniň dünýämden, aladalarymyň arasyndan aýrylyp ötägit. Men seniň üçin aglamaryn, gideniňe gözýaş dökmerin. Mundan soň seni ýatlap durandygymy bir gezegem görmersiň. Sebäbi sen bizi taşlap, bizi terk edip, bizden uzaklaşyp gitdiň we biziň ýanymyza indi ömrylla hem gaýdyp gelmersiň.

Eý gelejek! Sen heniz gaýyp älemde, men hyýaly arzuwlar we garabasma düýşler bilen iş salyşmaýaryn. Men özümi heniz bolmadyk, belki-de, asla bolmajak gorkulara, howsalalara eýeletmerin. Men heniz ýaradylmadyk zatlary tapmaga, almaga howlukmaryn. Sebäbi ol heniz ýaradylmadyk zat, ol entek aslynda ýok we hiç ýerde ýatlanylmaýan zatdyr».

Şu gün seniň günüňdir, eý ynsan! Durmuşy hakyky öz ajaýyplygynda we gözelliginde görmek isleýän adamyň bagtyýarlyk sözlügindäki iň owadan jümleler şular bolmalydyr: Bu gün seniň günüňdir! Sen ony diňe gowulyk we gözellik bilen ötür! Diňe şu günüň üçin yhlas et, çünki bütin gelejek her günki «şu günlerden» ybaratdyr.

***

## KYSMAT WE TAKDYR

«Zeminde we siziň özüňizde ýüz beren her bir bela-beter, size inmezinden owal Kitapda ýazylandyr». Galamyň syýasy gurady, sahypalar agdaryldy, iş bitdi, her kimiň rysgy-rozy, ömri-durmuşy ýazyldy. «Aýt: Allanyň ýazanyndan başga zat alnymyza gelmez». Saňa sataşan

zat, azaşyp ýa çawyp düşen däldir. Haýsydyr bir zadyň ýalňyşyp saňa inmäge haky ýokdur.

Şu mäkäm ynanç-akyda ýüregiňde ornasa, ynsap-wyždanyňda berkese (karar tutsa), belalar peşgeşe, kynçylyklar serpaýa öwrüler. Durmuşda bolup geçýän her bir waka-hadysa seniň döşüňe dakylýan orden-medaldyr. «Alla kime ýagşylyk etse, ony taplamak hem-de has gowy günlere taýýarlamak üçin kynçylyklara duçar eder». Şonuň üçin agyry-dert, biynjalyk we kesel ýa-da ýakynlaryňdan biriniň ýogalandygy üçin ýa-da maliýe ýitgileri ýa-da ýangyna uçran emläkleriň üçin çuňňur hasrata batyp oturmagyn. Bu zatlaryň ählisini Allatagala owal anyk kesgitledi – takdyr etdi. Durmuşda diňe hökman bolaýmaly zatlar bolar. Ezelde düwlen ýazgyt daňylary durmuşda çözüldi – bolmaly zatlar bolmalysyna laýyk ýüze çykdy. Hiç zat bize bagly däl ýaly görünse-de, biz, ynsanlar, öňümizde keseren zatlaryň, ýagdaýlaryň, mümkinçilikleriň has gowusyny, haýyrlysyny, sogaplysyny saýlamaga ymtylmalydyrys. Ähli gowy zatlar, haýyr-yhsanlar Allanyň elinde. Kötel-kynçylyklara, agyr günlere we çökder ýagdaýlara sabyr etsek, munuň üçin Perwerdigäriň berjek bihasap sogaby-peşgeşi bar, üstesine günälerden hem ýülünip bolýar. Başy derde sataşan adamlara mübärek bolsun – olaryň Allanyň razylygy üçin bu zatlara edýän sabry hergiz boş goýulmaz. Alýan hem, berýän hem, saklaýan hem, goýberýän hem Alladyr. Ähli zat diňe Allanyň elindedir. Takdyra ynanyp, ýazgyda ymykly bil baglaýançaň, seniň degnalaryň (nerwileriň) köşeşmez we nebis bilbilleriň ynjalyk tapmaz. Saňa gabat gelmeli zatlar hökman sataşar, sen munuň üçin özüňi hasrata gark etme. «Ýazgyt galamy gurady», ol indi owalky ýazgydy üýtgedip bilmez. Ýykylyp barýan diwary duruzmak, akyp duran suwuň öňüni beklemek, ösüp duran ýeliň ugruny bökdemek (ýeli öwüsmekden saklamak), aýnany döwülmekden saklamak elimden gelýär diýseň, örän ýalňyşarsyň. Bu zatlar, seniň-meniň islegime garamazdan, dogry däldir. Takdyr edilen muňa hökman uçrar, kaza oky durmuş meýdanyndan parran geçer, ýazgyt bolmalysy ýaly ýüze

çykar «Islänler ynansyn, islänler ynanmasyn» («Hala ynanyň, hala ynanmaň»).

Agy-eňrew, ýazgaryş, taňrygarganlyk esgerleriniň otly çirtmegi boýnuňdan ilmänkä, takdyra boýun bol. Ökünç silleri degre-daşyňy doldurmanka, ýazgydy boýun al. Onda, dürli sebäplere daýanyp, ýüzlerçe hileleri, ýollary ulanybam, ýene-de halamadyk zadyňa uçrasaň, bil, bu gutulgysyz ýazgytdyr, hökman bolaýmaly zatdyr, onsoňam hiç haçan «eger şeýden bolsam, şeýle-şeýle bolardy» diýmegin. Gaýta «Allanyň takdyr edenidir. Alla nämäni halasa, şol hem bolar» diýgin.

***

## GELÝÄNÇÄ, GELJEGIŇ GAÝGYSYNY ETME!

«Owaldan takdyr edilen iş öz sagadynda ýüze çykar, öz wagtynda hem geler, ony öň getirjek bolup gyssanmaň» diýilýär. Wakalardan öňe düşjek bolma. Howlukmaçlyk etme, eýsem, sen (gyssanmak bilen) ene göwresinde süňňi kemala gelmedik çagany wagtyndan öň düşürmek isleýärmiň? Heniz bişmedik miweleri ýolmak isleýärmiň? Ertir heniz ýok zat, heniz onda hakykylygam, barlygam, tagam-ysam, reňkem ýok, häzirlikçe ol ýok zat. Onda biz näme sebäpli ýok zat üçin oýa batyp, oda çümýäris? Onuň «bela-beterlerini» göz öňüne getirip, gorka gaplanýarys? «Hadysalaryny» öňünden alada edýäris? Bir ýaramaz waka gopar öýdüp garaşýarys? «Bizi bu muşakgatlyklardan penalajak tapylarmyka ýa oňa ýüzbe-ýüz durarmykak?» diýip, ynjalykdan gaçýarys. «Ol şatlykmyka ýa şowsuzlymyka?» diýip, howsala düşýäris. Bu pikirlere berilmezinden öň bir zady bilmek wajyp: gelejek heniz gaýyp älemde, ol ýeriň ýüzünde ýok we entek ýere gelip ýetmedik zat. Onuň özi gelmese, köpri bilen ol ýere – geljege aşyp bolanok. Ýeri, köpri hem bar diýeli, biziň köprä ýetjekdigimize, ondan sag-aman aşjakdygymyza kim kepil geçip biler? Birdenkä biz

köprä ýetmän togtasak? Ýa-da ýeten badymyza, köpri ýumrulyp aşak inse?! Belki-de, köprüden sag-aman ötüp, ertire aşarys?..

Adam aňynda geljek hakda pikirlenmek we gaýyp älemiň kitabyny açmak üçin örän giň meýdan, giň mümkinçilik bar. Biz bolsa şol mümkinçilikleri, şol giňişligi bolar öýdülýän howsalalardan, hokgalardan, haýpygeliji ýagdaýlardan, birahatlykdan doldurýarys. Bu bir tarapdan ýasama gorky, beýleki tarapdan ýamanlyk tamasyna ýorulýar. Tama etmek bolsa şerigat taýdan hem, akyl taýdan hem ýazgarylýan hadysadyr. Ol kölegeler bilen göreşip ýa-da kowalaşyp ýörmek mysalydyr. Adamlaryň köpüsi geljegi aç, ýalaňaç, hor-homsy, keselçilikli, garyp-pukara, çykgynsyz ýagdaýlardan doly halda göz öňüne getirýärler. Bu pikirleriň ählisi şeýtan medresesiniň aňlara ýollaýan ykrarnamasydyr. Ýogsamam «Şeýtan size garyplygy wada berer we gabahat işlere iteklär; Alla size magfyreti wada berer we beýik mertebeler eçiler» diýilýär.

Örän köp adamlar aglaýandyr, ýüzleri gussalydyr, näme üçin diýýäňizmi, ertir ajygaryn öýdüp, ýene bir ýyldan kesellärin öýdüp, ýene ýüz ýyldan kyýamat gopar, ýaşaýyş tükener öýdüp aglaýarlar. Öz ömri gaýry biriniň (ýagny Allanyň) elinde bolan adam bolmadyk zatlar üçin howsala batmaga hakly däldir. Adam özüniň näçe ömür sürjegini bilenok, şonuň üçin hem nämeler boljagy näbelli geljegi gaýgy etmeli däldir.

Ertiriň özi ýanyňa gelýänçä, onuň pikirini terk et. Halys bolmasa, ol gelýän myhmany (ýagny geljegi) ýaramaz, oňaýsyz pikirler bilen garşylama. Ertiriň kyssasy bilenem, gussasy bilenem işiň bolmasyn. Ertiriň «dartgynly» wakalary üçin bu gün başyňy sämetme, sebäbi sen ilki bilen şu günüňi oňarmagyň aladasyny et.

Nämedir bir zada geň galjak bolsaň, öz pikirlerini, öz dünýälerini heniz güni dogmadyk, entek ýagtylyk görmedik ertir üçin sarp edip, nesýe söwda edýänlere geň gal. Uzyn tamakinlikden häzir bol!

***

# HIÇ KIMDEN TAŇRYÝALKASYNA GARAŞMA!

Allatagala özüni ýatlamaklary üçin bendeleri ýaratdy. Şükür etmekleri üçin ýaradylanlaryň ählisiniň rysgyny ýetirdi. Emma bendeleriň köpüsi muňa biparh garap, rysgaly Alla däl-de, haýsydyr bir adam berýändir öýdüp pikir etdiler. Bu edilen ýagşylygy unutmaklykdyr. Ynsan nebsinde inkär edijilik, gadyrbilmezlik, jebir-jepa edijilik häsiýetler agdyklyk edýär. Sen nebsiňe gulak asma, diňe ýagşylyk et! Eger-de gözelligiňe gözleri gamaşýan we ony ykrar edesi gelmeýän, haýyr-yhsanyňy ýakyp-ýandyryp, dilde küle öwürýän, ýagşylyklaryňy unudýan, belki-de, saňa hile toruny taşlap, gizlin kitüw manjanygynda oda oklaýan adamlara gabat geleniňde – ýan bermegin. Özi hem bularyň ählisi olara eden ýagşylygyň üçindir. Hatda olar Allanyň seni öz fazly-merhemeti bilen gurşandygy üçin hem içi kitüwlidir. Ýöne sen edýän ýagşylyklaryň bilen görnükli dünýäniň ýazgysynda parlak ýyldyz bolup dog. Gaýry biriniň gyýa bakjakdygyna garamazdan, sen eliňden gelen ýagşylygy et, özi hem diňe ýagşylyk et.

Özgeleriň ýagşylygyny basyryp, tebigata garşy gitmek isleýänler, özgeleriň erk-eradasyny ýumurmak isleýänler, köşeşiň, siziň olardan «ogurlan» zadyňyzyň öwezini Allatagala tükeniksiz hazynasyndan dolduryandyr, egsilen ýeriniň üstüni ýetirýändir.

Eý, ynsan, bu gyzgyn ýaňsylamalar we gyjalatlar seni haýyr işi etmekden bökdemesin (saklamasyn), özgelere ýagşylyk etmekden sowaşdyrmasyn. Her gezek bir ýagşylyk edeniňde, özgelerden taňryýalkasyna garaşma, gaýta ýagşylygy inkär edýän, gadyrbilmez adamlaryň tapjak bir hokgasyna garaş we hiç wagt olaryň bu etmişlerine janyňy ýakma!

Ýagşylygy Allanyň haky-hormaty üçin et – islendik pursatda hem sen üstün gelersiň, sen beýik bolar durarsyň. Saňa gözüni ýumanlaryň, seniň belentligiňi görmezlige salanlaryň, ýagşylygyňy inkär edenleriň saňa birjik-de zeleli ýetmez, körlük – diňe batyl gözi göterip ýören-

ler üçindir. Ýagşylyk edýänligiň üçin – ýagşy adamlygyň üçin, ýagşyzadalygyň üçin begen we şükür et. Ýatla: «Berýän el alýan elden elmydama haýyrlydyr», «Berýän el alýan elden üstündir, ýokardadyr». «Biz sizi diňe Allanyň haky üçin naharlaýarys, munuň üçin sizden hak-heşdegi hem, minnetdarlygy hem tama etmeýäris (islemeýäris)» diýilýär.

Akyldarlaryň örän köpüsi bu bibaşlaryň gadyrbilmezlik häsiýetini göre-göre geçdiler. Olar edil aýdylýan öwüt-ündewleri eşitmeýän, bilmeýän bir kowum mislidir. Gadyrbilmezler, ýagşylyga ýamanlyk bilen jogap gaýtarýanlar gözleri kör, gulaklary ker adamlara meňzedilýär.

Ol birine galam sowgat etseň, ol hem şol galam bilen sen hakda ýaňsylama ýazsa-da, argyn ýa-da agsak birine daýanary hem-de goýnuny kowary ýaly taýak berseň, ol hem şol taýak bilen kelläňi ýarsa-da, bu zatlara geň galmagyn. Allanyň beren amanat janyny gadyrbilmezlik göwresinde göterip ýören bu zeýilli bihepbeleriň asyl bolşy şeýle. Olar saňa eçilen nygmatlary üçin Ýaradanyň özünden nägile bolup durkalar, senden, menden razy bolarlar öýdýärmiň? Hiç wagt ýan berme, ejizleme, elmydama ýagşylyk et, ýöne «Taňryýalkasyna» garaşma!

***

## ÝAGŞYLYK ET – ÝÜREGIŇI GIŇELT!

Gözel amal öz ady ýaly gözel, ýagşylyk öz däbi ýaly ýagşy, haýyr iş öz tagamy ýaly haýyrly. Özgeleri bagtly edip, özgeleri begendirmekden lezzet alýan ynsanlar bagtyň tagamly miwesini ilki dadýan adamlardyr. Olar eden haýyrly işleriniň hasylyny ir-u-giç öz köňüllerinde, ahlaklarynda, wyždanlarynda taparlar we ýüreklerine ornan giňligi, ýazylganlygy, asudalygy hem-de rahatlygy duýarlar.

Eger bir alada daşyňy gaplap alsa, bir mesele başyňa birahatlyk berse, kimdir birine ýagşylyk et, göwnüni göter – hökman şatlyga we rahatlyga gowşarsyň.

Mätäç-mahruma eliňden geleni eçil, nähak daralana üstün çykmaga kömek et, gaýgylynyň derdini egis, ajy doýur, hassanyň halyny

sora, argynlara daýanç bol – çar ýany bagt bilen gurşalan döwrana çümersiň, öňüňden-yzyňdan boýuňa barabar döwletlilik taparsyň.

Haýyr iş hoşboý ysly atyr ýalydyr: ony göterýänem, satýanam, satyn alýanam bähbit tapýar. Ýürekden edilen ýagşylyklar bereketi bol dermanlyk otdur. Bu melhem oty haýyr-yhsandan bina bolan dermanhana kibi ýüreklerde bitýändir.

Bir çümmüjek göwni bar adamlara ýylgyryp habar gatmak, güler ýüzlülik bilen gürleşmek, gymmatlyklar äleminde sogaby artyp duran sadakadyr. Ýatla: «Doganyňa açyk ýüz bilen baksaň bolmaýarmy?» diýilýär. Gyňyr ýüzlülik bolsa özgelere ýowuz urşy yglan eden ýalydyr. Onuň getirýän zelelini Alladan başga kesgitläp bilýän ýok.

Bir itiň bozuk gyzyň aýasyndan suw içmegi, ol gyza meýdany asman-zeminden giň bolan jennetlere girmek nesibesini (mümkinçiligini) berdi. Çünki sogabyň sahyby – Beýik Alladyr, ol Bagyşlaýjydyr we Geçirimlidir. Şükürlidir we Gözeldir, her bir gözelligi hem gowy görýändir, Ol baýdyr we öwgülidir.

Şowsuzlyk garabasmasy, geljegiň näbellilik gorkusy we ýerliksiz ünjüler zerarly dowla gaplanýan ynsanlar, geliň, ýagşylyk bossanyna geliň, giriň, haýyr-yhsan saraýyna giriň we özgeleriň ýagdaýy hakda alada ediň: eliňizden gelýän bolsa beriň, günemaňyz ganymat bolsa, zyýapata çagyryň, ýürekdeş söhbet ediň, ýardam arka boluň, goldaw beriň, hyzmatyny, ýumşuny peslik bilmäň, derdine-hyzmatyna ýaraň, şonda siz ajaýyp bagty hakyky öz tagamynda, öz reňkinde, öz sapasynda tapyp bilersiňiz.

***

## BOŞ WAGTY ZÄHMET BILEN DOLDURMAK

Durmuşda öňlerine maksat goýmadyk, eli boş, işsiz, hünärsiz, başarnyksyz adamlar arhiwlere siňip galan çaň-tozanlar bilen barabardyr. Çünki olaryň aňlary, zehinleri boş.

Zehiniň iň hatarly halaty adamyň işsiz oturýan pursadydyr. Ol şol wagt sürüjisi bolmadyk we ýokary tizlikde öňe myçyp barýan ulaga meňzeş. Onuň iki-baka çaýkanyp, kertden agdarylmagy hem ahmal.

Durmuşda işsiz, boş oturjak wagtlaryň ýüze çyksa, onda haýsy-dyr bir gaýgy-gamlara, aladalara, gorkulara taýýarlan. Sebäbi bu boşluk durmuş tekjelerine siňen, geçmişiň, häziriň we geljegiň ähli zyňyndylaryny saňa tarap çekit (magnit) ýaly dartyp başlar welin, sen çykgynsyz bir ýagdaýa uçrarsyň. Saňa-da, özüme-de pent bolsun, bu batyl işsizlge derek netijeli bir amala meşgullan. Dynç almaklyga magrur bolma-da, zähmete daýan. Ýeri gelende ýatlasak, işsiz, boş oturmagam özüňi diri gömmekligiň gizlin görnüşidir, kem-kemden köşeşdiriji däri-derman (kapsula) bilen öz janyňa kast etmeklige barabardyr.

Boş oturmaklyk Çyn-Maçyn türmelerinde günäkäre berilýän, «haýal jeza» diýilýän azaba meňzeş. Bu ýerdäki bendileri turbadan käwagt bir damýan damjanyň astyna baglap goýýarlar. Indiki damja çenli garaşyp-garaşyp, bendi dälilik hetdine ýetýär.

Aşa rahatlyk – gapyllykdyr. Boş wagt – kesbine ussat ugurtapyjy ogrudyr. Seniň akylyň bolsa şol gapyllykda – aň garpyşygynda elden giderlen we parçalanan awdyr.

Onda, edil şu wagt ýeriňden galk-da, namazyňy bitir ýa-da kitap oka, ýa-da tesbih aýt, ýa-da tebigata göz aýla, ýa-da bir zatlar ýaz, ýa-da iş stoluňy tertibe sal, ýa-da öýüň içerisini tämizle, ýa-da kimdir birine kömekleş, özgeleriň derdine ýara – ýöne boş oturma. Bu men-den saňa nesihat bolsun!

Peýdaly işe güýmen we wagtyňy boş geçirmejek bol. Muňa de-rek dünýä lukmanlary saňa duýdansyz gelýän bagtyň 50%-ini kepil geçýärler. Daýhanlara, maldarlara, gurluşykçylara seret, edil bagtdan gözi ganan guşlar ýaly jürküldeşip, ruhy rahatlygyň we bagtyýarlygyň içinde aýdyma hiňlenip ýörendirler. Sebäbi olar elmydama bir he-reketde, iş başynda, sen bolsa düşegiňde gözüň ýaşyny akdyryp, iki ýana agdarylyp, beýle bagtdan binesip ýaly ýatyrsyň. Sebäbi sen özüňi boş wagtyň apysyna zäherledipsiň.

***

# TURŞY LIMONDAN DATLY ŞERBET ÝASA!

Akylly, üşükli adam ýitgileri girdejä öwürýär. Nadan, nalajedeýin adam bir musallatdan iki mähnet ýasaýar.

As-Sarahsy guýynyň düýbüne taşlanyp, işsiz oturdy. Ol şol ýerde yslam hukugyna degişli 20 jiltlik naýbaşy eserini ýazdy. Ibn Esiriň işinde bökdençlik ýüze çykdy, gazanjyndan mahrum edildi. Ol şol ýagdaýyndaka hadys ylmynda iň peýdaly hem-de ähmiýetli eserini ýazdy. Ibn Jewzi mejbury ýagdaýda Bagdady terk etdi. Ol ilinden aýralygynda Gurhan okamagyň ýedi usulyny özleşdirdi we bu ugurdanam ezberleriň, ussatlaryň biri bolup ýetişdi. Mälik ibn Raýba ölüm gyzzyrmasy degdi. Ol şol hassalygynda ýatyrka adamzady haýran eden ajaýyp kasydasyny ýazdy. Onuň bu kasydasy Abbasy döwründäki şahyrlaryň ählisiniň diwanyndan has artyk görülýändir. Abu Zueýb Hüzeliniň perzentleri dünýäden ötdi. Ol perzentleriniň agysyna Iliada bilen öleň ýazdy: Zamana oňa diň saldy. Aň oňa haýran galdy. Taryh oňa «aperin» diýdi.

Öňüňi gara bulutlar örtese, apy-tupan gurşasa, her bir zadyň gündogaryna bak. Garaňkylyga siňen Gün şol ýerden hökman dogýandyr. Biri saňa käse doly turşy limon hödürlese, sen oňa özüňden bir bölek şeker at we datly limon şerbetini ýasa. Eger saňa ýylan sowgat etseler, onuň owadan gowuny (daşky hamyny) al we galanyny (gerekmejegini) taşla. Eger seni içýan çaksa, hiç wagt ýadyňdan çykarmagyn, ol ýylan zäherinden goraýan we ony sorup alýan iň ygtybarly serişdedir.

Hatda agyr, ýowuz günleriňden hem lezzet almagy öwren, lapykeçlige berilme, keýpiçag bol, sen şol gatylykda köpsanly gülleri, sümmülleri we jasminleri ýetişdirersiň. Ýatla: «Birbada nämedir bir zady halamazlygyň mümkin, aslynda, ol seniň üçin örän haýyrlydyr».

Fransuz ynkylabynyň öňüsyrasynda iki sany tanymal fransuz şahyry türmä dykylypdyr. Olaryň biri ruhubelent, beýlekisi sussupes eken. Olaryň ikisi hem türmäniň penjiresinden kellelerini çykaryp,

daşaryny synlamaga başlapdyrlar. Ruhubelent adam asmana, ýyldyzlara göz aýlapdyr we uludan demini alyp şatlanypdyr. Lapykeç adam aşak – batgaly ýollara seredipdir we aglapdyr. Her bir ýakymsyzlygyň beýle tarapyna göz aýlamagy öwren: hiç wagt arassa şer ýokdur. Gaýta, ujypsyz şeriň ýanynda hökman haýyr, gazanç, üstünlik we sogap bardyr.

***

## GÖWNÜŇ GIŇ BOLSUN!

Üzňelik şerigat we sünnet tarapyndan ündelen dessur, ýöne nämelerden üzňe bolmaly? Ýamanlykdan we ýaman adamlardan, işýakmaz we akyly ýeňil adamlardan, dawaçyl, şerçil adamlardan... – bulardan üzňe boldugyňça, güýjüň-gaýratyň bir ýumruga jemleniberer. Gyzgyn kelleler köşeşer. Akyl-huşuň ynjalar. Zehin-paýhasyň hikmet dürlerini tapar. Gözleriň magryfet çeşmesinden ganar.

Haýyr işden we ybadatdan sowýan her bir zatdan aýrylyşmak – üzňe bolmak ýürek lukmanlarynyň ýyllarboýy synap gören we ykrar eden, iň arzyly netijäni beren gerekli (eziz) dermanydyr. Men hem saňa şony salgy berýärin. Ýamanlykdan, gep-gybatdan, boş sözden-takaldan, hile-mekirlikden, pikirleriňi zaýalaýan we gorky galalaryny dikeldýän, ýalana garjaşyk gürrüňlerden gaça dur. Allaha tabynlyk, takdyra kaýyllyk, zikir-sena, ündelen oňyn işler we sogaby artyk amallar bilen birik. Ylymly adamlar bilen söhbetdeş bol. Haýyr işe goltgy ber. Işsiz, wagtyny bimany ötürýän adamlar bilen oturma. Seresap bol, seresap bol: olardan kalbyň, bütin süňňüň bilen gaç. Ýalňyşlyklaryňy ýatla we toba et. Diliňi saklamagy öwren, şonda göwnüňem, öýüňem, dünýäňem giňär. Ýabany gylykly adamlar bilen garym-gatym bolmak özüňe garşy rehimsiz söweş alyp barmakdyr. Göwnüňde mesgen tutan aram-asudalygy we arkaýynlygy düýbiteýkary bilen aýyrmaga edilýän synanyşykdyr. Sebäbi sen ähmiýetsiz gürrüňler, arhiwdäki gahrymanlar, gara günler, heläkçilikler we kynçylyklar bilen gorkuzyp, ýürekleri dowla salýan ussatlar bilen

oturyşýarsyň. Şeýdibem, ajal gelmezinden owal günde ýedi gezek ölüp-direlýänsiň.

Şonuň üçin birje haýyşym, işiňe ýöneleniňde öýüňe dolananyňda hem diňe ýagşy sözle we ýagşy işler bilen meşgul bol. Diňe gowy zatlaryň pikirini et. Şeýdeniňde ýüregiň öňki ýerine – öz ornuna, örküne geler. Wagtyň bihuda sarp edilmez. Ömrüň bimany ötmez. Diliň gybatdan, kalbyň birahatlykdan, gulagyň ýaman söz eşitmekden, zannyň betgümanlykdan aman bolar. Synanyşyp gör, basym göz ýetirersiň. Ham-hyýal bedewlerinde çarpaýa galýan we betniýetli hem-de maksatsyz märekäniň arasyndan özüne orun gözleýän adamlara bolsa «Hoş galyň!» diýmek ýeterlikdir.

***

## GÖRIPLIK ETMÄŇ!

Göriplik süňküňi dyngysyz gemirýän gurçuk ýalydyr. Göriplik süňňüňi berbat edýän ötüşen kesel mysalydyr. «Göribe rahatlyk ýokdur» diýilmeýärmi näme?! Ol mazlumyň geýimine giren zalymdyr. Guzy baganasyna çümen gurtdyr. Dostluk donuna bürenen duşmandyr. Aýtmandyrlarmy näme, Allanyň göribe daraýşynyň adyldygyna gara, görip özüni gemrip başlaýar-da, ilki bilenem özüni heläk edýär.

Beýlekilere nebsimiz agyrmazdan öň, özümize haýpymyz gelsin: göriplik etmäliň! Bu menden saňa nesihat bolsun! Sebäbi biz olara göriplik etmek bilen, öz etimizi alada-ünji bilen iýmitlendirýäris, ganymyzy gam bilen gandyrýarys, gözlerimiziň, gabaklarymyzyň uçan ukusyny bolsa beýlekilere mugtuna paýlaýarys.

Görip gaty gyzgyn alawly peji ýakýan we soňra özi şoňa köýýän adam ýalydyr. Zäherlemek, hasrata batmak, sowulmaýan ünjülere berilmek göribiň öz rahatlygyny bozýan, owadan we ajaýyp durmuşynyň soňuna çykmak üçin özünden döredýän (gozgaýan) keselleridir. Göribiň belasy nämede? Ol ýazgyda garşy gitmekçi bolýar. Ýaradanyň adyl kysmatyna nägilelik bildirýär. Dessuryň öňünde özüni edepsiz alyp barýar. Ýol eýesine garşy gidýär.

Göribiň derdi bar, haýp, onuň bu dert üçin ýalkanjak gümany ýok. Göribiň ezýeti bar, haýp, bu pygly üçin oňa sogap berlenok. Görip soňlugy bilen bu ýyrtyk jindesinde heläk bolýança ýa-da adamlaryň ählisi Hudaýyň beren nygmatyndan boşap galýança, elmydama üznüksiz birahatlygyň içinde gezer.

Islendik adam bilen ylalaşyp, ýaraşyp bolar, emma görip bilen dil tapyşmak hyllalladyr. Ýogsa-da, özüňe berlen nygmatlardan ýüz öwürseň, ukyp-zehiniňi peýdalanyp bilmeseň, ýagşy häsiýetleriň soňuna çyksaň, mertebäňden taýyp düşseň, abraýdan aýrylsaň... göribiň azda-kände ynjalmagy mümkin. Görip adam ini zäherli ullakan apy ýylan ýalydyr, bigünä birine neşterini sokmasa, ynjalýan däldir.

Hergiz göriplik etme, rysgyňy, ömrüňi köýdürersiň! Göribiň hereketleri üçin hem birjik-de dowla düşme, ol müň çyrpynany bilen ýazgydyňy üýtgedip bilmez. Almalysyny alarsyň, görmelisini görersiň. Her näme-de bolsa, göribiň şerinden goramagy üçin Alladan pena soramak ündelen öwütleriň biridir.

***

## IGDESINI IÝ, ÝÖNE ŞAHASYNY DÖWME!

Mylaýymlyk, nirede bolsa-da, ol şol zada, şol ýere bezeg-zynatdyr. Onuň ýok ýerinde ýüzüň salyk, süňňüň sökel, ýollar köteldir. Ýüzlenilende ýumşak, gabat gelnende mähirli ýylgyryş, duşulanda birek-birege ýakymly sözler aýdylsyn. Bu häsiýetler bagt hüllesini egnine atan adamlaryň ýakasyndaky altyn jäheklerdir. Ol balara meňzeş adamyň ajaýyp sypatlarydyr: balary gowy zat iýýär, gowy zat taýýarlaýar. Şiresini sormak üçin gülüň üstüne gonanda hem onuň şahasyny döwmeýär. Il içinde aýdylyşy ýaly, «Igdesini iýiň, ýöne şahasyny döwmäň». Ilden haýyr tap, ýöne göwünlerine degme. Allatagala mylakatlylyga berýän mertebesini gedemlige, gödeklige

berýän däldir. Käbir adam bardyr, aýaklaryň şolara tarap ädilesi geler durar. Gözler onuň peýda bolaryna intizar. Ýürekler oňa teşne, göwünler ondan aýrylmaz, sebäbi olar sözlänlerinde hem, alyp-berenlerinde hem, satanlarynda we satyn alanlarynda hem, gabatlaşanda we hoşlaşanlarynda hem mylakatly, mylaýym gürleýärler.

Dost gazanmak ýagşyzada adamlaryň tejribe mekdebinde ymykly öwrenilen dersdir, dessurdyr. Olar haýsy adamyň ýanyna baranlarynda hem ýüzleri nuranadyr. Ýanyňa gelseler güler ýüz we açyk göwün bilen garşylarlar. Ýanlarynda ýok wagtyň arkaňdan ýagşy dileg-doga ederler we seni sorap-idäp durarlar.

Bagtyýarlaryň üýtgewsiz ahlak ýörelgesi bar. Olar elmydama «Has gowusy bilen jogap ber! Şonda öň siziň araňyzda öýke-kine, duşmançylyk bar hem bolsa, mundan soň ol edil ýürekdeş ýoldaş ýaly bolup galar» diýen söze uýýarlar. Olar göwünleriň öýke-kinesini özleriniň joşgunly mylakatlary, ýyly ýumşaklygy bilen sorup aýyrýarlar. Ýamanlyklary ýatlaryndan çykaryp, diňe ýagşylyklary ýatlarynda saklaýarlar. Gyýakly sözler olaryň hem duşundan geçýär, gulaklaryna ilýär, ýöne ýüreklerine girmeýär. Çünki ýürege giren zady çykarmak kyn. Gaýta, hiç wagt haýry degmejek ol sözleri allowarra zyňyp, yzyna gaýtmaz ýaly, gitse-gelmeze ugradýarlar. Mylakatly adamlar özlerini rahatlyk içinde duýýarlar. Adamlar hem olardan baş-bitin arkaýyn, abadançylykda, sag-salamatlykda. Dost-doganlaryna dili we eli bilen salam berýän adam, özüne degişli bolmadyk zatlara el urmaýan adam belent häsiýetli hasap edilýär. Gaharlaryny saklaýan we adamlary bagyşlap bilýän adamlar mertebelidir. Arasyny üzenler bilen gatnaşyklary gaýtadan ýola goýmak, ýamanlyk ýa-da nähak daranlary geçirip bilmek, birwagt hakyňdan iýen hem bolsa, eliňe gelende eçilip bilmek ululykdyr. Buşluk, şeýle adamlara ynjalyk, rahatlyk, asudalyk ýaly sogaby çalt berilýän zatlar miýesser eder. Birek-birege mylakatly boluň!

***

* 18. Sargyt № 975

# DURMUŞY ÖZ BOLŞY ÝALY KABUL ET!

Durmuşa her kim özüçe düşünýär. Kimler üçin onuň lezzetleri basym tükenýär. Aladalar tiz ýadadýar. Ýüzleri gamaşdyrýar. Her günüň özi müň öwsüp duran ýaly, hamana ähli zat gussa bilen ýugrulan, kösençlik bilen garylan ýalydyr. Kimiň ýanynda eglenseň, derrew göwnüňe degjek bir söz suňşurar: ene-ata ýa-da hossar, aýal, gaýyn-guda, dost-ýar, öý, ojak, wezipe, hünär... garaz, ilteşigiň bolan her bir adamda ýa-da ýagdaýda lapyňy keç edýän bir zatlary taparsyň. Käte zyýany-zeleli hem deger. Bu duýgulardan başy-bitin halas bolmak üçin ýekeje ýol bar: şeriň howruny haýryň salkynlygy bilen öçürmeli.

Her bir zadyň ikä bölünmegi, görnüş, topar babatda iki dürli bolmagy, haýyr we şer, düzüwlilik we bozuklyk, şatlyk we hesret... islendik zadyň ýanynda onuň gapma-garşylygy hem bardyr. Onda sen bu durmuşa birtaraplaýyn seretme. Eger bir tarapyna seretjek bolsaň, onda diňe gowy tarapyna üns ber. Hakyky öz bolşuň ýaly ýaşa, ham--hyýallara per berme-de, nusgalyk älemlerde ganat ýaý. Dünýäni, durmuşy hakyky öz bolşy ýaly gör (kabul et). Özüňi durmuş bilen sazlaşykly we utgaşykly ýaşamaga boýun et. Bu dürli öwüşginli we öwüsginli durmuş ahyry, haýsydyr bir dostuň ähli ýerde göwün diýeniňçe bolman biler. Işleriň biri pikir edişiňçe ugrukman biler. Eger päklik, kämillik we büs-bütinlik ýaly sypatlar her bir zada mahsus bolsa, onda durmuşyň duzy-gyzygy gaçar ahbetin. Hatda söýüp--saýlan ýanýoldaşyňam kämil bolman biler, ýöne hadyslaryň birinde «Mömin erkek ýanýoldaşyna käýinmesin (zeýrenmesin), onuň bir häsiýetini halamasa, beýleki bir häsiýetinden razydyr» diýilýär.

Diýmek, ýöreýän durmuş ýollarymyzy dogrulalyň. Birek-birekden uzak durmalyň, ýakynlaşalyň. Geçirimlilik edeliň we goldalyň. Miýesser edenini alalyň. Kyn düşen ýerini arkalaşyp geçeliň. Käte gözümizi ýumalyň. Haýyrly tarapynyň agdyk boljakdygyny bilsek, onda käbir işleri görmezlige salalyň. Durmuşy diňe gowy tarapyndan synlamaga endik edeliň.

***

# KYNÇYLYKLAR BILEN TAPLAN!

Sagyňa, soluňa göz aýla, heý-de başy agyrmaýan, damary syzlamaýan adama gözüň düşdümi? Haýsy bir öýde bagry giryan dertliler ýok?

Köpsanly adam bardyr, başlary agyr gündedir. Birnäçe adam bardyr, sabryna haýran galar oturarsyň. Bil, derde uçraýan bir özüň dälsiň. Gaýta, özgeleriň ýanynda ýene-de derdi egsik, gaýgysy az bende özüň bolup galarsyň.

Ýyllarboýy düşekden galyp bilmän, agyrydan ýaňa perişan ýatan birnäçe adam bardyr. Ýyllarboýy gün şöhlesini görmän, dört diwardan başga zady bilmeýän zyndanda ýatan tussaglar bardyr. Ýaşlyk möwsüminde, ömürleriniň gül açan çagynda göwher jigerini ellerinden aldyran ene-atalar bardyr. Gaýgyly, bergidar, derde uçran, hasrata çümen birnäçe adam bardyr.

Kynçylyklaryň öňünde ejizleme, gaýta, olary ýeňip, özüňi tapla we beýgel! Dünýä käte zyndan bolup görünse-de, gaýgy-hasratlaryň we külpetleriň mesgeni ýaly bolup dursa-da, ruhdan düşme. Dünýä durmuşy göz ýumup-açasy salymda üýtgäp bilýändir.

Öz derdiňi özgeleriň örtenmesi ýa-da öňki ötenleriň agyry-derdi bilen deňeşdirip gör, olara garanyňda seniň süňňüňde dert ýokdugy äşgär bolar. Olaryň agyrysynyň ýanynda seniň çekýän bu derdiň ýönekeý bir sanjym ýaly zatdyr. Allanyň saňa mähirli bakyşyna şükür et. Özüňde ýok zada gyýylma, bar zadyňa welin, şükür et. Şeýdibem, töwrekdäkilerden beýikdigiňe, sagdyndygyňa göz ýetirersiň. Pygamber alaýhyssalamdan nusga al: aýaklary ganjardy, ýüzi ýaralandy, açlyk bilen daňyldy, agaç ýapraklaryny iýip, oňňut etdi. Mekgeden kowuldy, dişleri döwüldi, päkize aýalyna şyltak atyldy. Sahabalaryndan ýetmişisi wepat boldy. Ogluny elden aldyrdy. Açlykdan ýaňa garnyna daş daňyp gezdi. Ony jadygöý, palçy, däli-mejnun, ýalançy diýip atlandyrdylar. Ol sabyr etdi, Allatagala bolsa ony bu zatlaryň ählisinden gorap saklady. Bu adam balasynyň hökmany görmeli synaglarydyr.

Musa köteklenildi (kemsidildi), Ybraýym Halyl oda oklanyldy. Dört çaryýarlar hem şol ýoly geçdiler. Görnükli ymamlaryň arkasyna dürre gamçy çalyndy. Ýagşyzadalar zyndana atyldy, asylzadalar kösendi, ýöne ählisi sabyr etdi. Bu kynçylyklar bilen özlerini tapladylar we beýik bolup galdylar.

***

## JAHANY SEÝIL ET!

Ýurda sapar etmek, sähralary, menzilleri sökmek, bu giň zeminde agaýana dönmek, Taňrynyň gudrat galamynyň sahypalary açylan barlyk kitabyna ýazan ajaýyplyklaryny görmek – bular gursagy giňeldýän we ünji-gam bulutlaryny syryp aýyrýan serişdedir. Ýeli sergin öwüsýän baglyklary, gül çemenli ajaýyp bossanlyklary, göwünhalar jennetleri görmegiň üçin, seniň begenmegiň üçin Allatagala barlyk sahypalaryna gözellik aýatlaryny sünnäläp ýazypdyr. Öýüňden çyk we tebigaty synla. Töweregiňde, öňüňde hem-de ardyňda bar zatlar hakda oýlan. Daglara dyrmaş. Jülgelere in. Baglara aslyşyp hallan at. Ýokumly suwdan owurtla. Jasmin şahalaryna burnuňy goý, şol pursatda öz ruhuňy azat, erkin, agaýana halda duýarsyň. Edil bagtyýarlyk höwürtgesinde joşup saýraýan guş ýaly jürküldärsiň.

Öýden çyk we gözüňi ümezledip duran gara perdäni syryp taşla. Soňra Allanyň ýaradan giňiş we ýaýbaň zemininde diliň senaly, tesbi-zikirli syýahat et.

Dar otagda janalgyç işsizlik we tukatlyk bilen gyslyşyp oturmak özüňe kast etmegiň «üstünlikli» ýoludyr. Seniň otagyň, hernäçe bezelen hem bolsa, ol älem däldir. Sen bolsa ähli adamyň deregini tutup bilmersiň. Ýeri, onsoň näme üçin gaýgy leşgerini bir özüň yzyna serpikdirjek bolýarsyň? Ýeke galýarsyň we dyza çökýärsiň.

Gözüňe, gulagyňa, ýüregiňe aýt: goý, olar agras, päli pes bolup, dünýäni seýil etsinler. Gel, bu çeşmeleriň, söýgi sözlerini saýraýan guşlaryň, depelerden iniş kyssasyny söýleýän suwlaryň arasynda kitap okaly!

Göwnüçökgünlik derdine ulaşanlara, dar otagyň tümlügine bogulanlara lukmanlar zeminiň gözýetim giňişliklerine, salgym atym ýerlerine gezelenç edip, göwün açmaklaryny maslahat berýärler.

Gel, bagtly ýaşamak, şadyýan bolmak, pikirlenmek we amal etmek üçin gezelenç, sapar edeli!

***

## SABYR SOŇY SAP ALTYN

Ýaramaz wakalary giňgöwünlilik we erk-erada güýji bilen garşylaýan adamlar beýik häsiýetleriň biri bolan sabyr donuna bürenenlerdir. Şeýle ýagdaýda sabyr etmesek, başga näme edip bileris? Heý-de, sende sabyrdan gowy çözgüt tapylarmy? Heý-de, sabyrdan başga azyk-owkat barmy?

Beýik ärleriň biri agyr günleri başdan geçirýärdi. Betbagtçylyk onuň depesinde tans oýnaýardy, bökjekleýärdi. Onuň ýüregi kynçylyklaryň at çapyşýan meýdanydy. Her gezek bir beladan gutuldym diýende, beýleki bir şumluk başyndan inýärdi. Emma ol sabyr sowudyna bürenip, Alla bil baglamak galkany bilen goranýardy.

Asylly adamlar elmydama şeýle hereket edýär. Hötdesinden gelip bilmejek kynçylygyna uçrasalar, başardyklaryndan özlerini giň göwünli alyp barýarlar. Ýaramaz hal-ýagdaýlaryň ýüze çabraýan howruny sabyr bilen sowadýarlar. Oňaýsyzlyklara garşy göreşýärler. Şeýdibem, kösençlikleri allowarra taşlaýarlar.

Hassa ýatan Abubekriň halyny soramaga barypdyrlar. «Seniň üçin lukman çagyralymy?» diýip soranlarynda, «Lukmanym meni görüp otyr» diýipdir. «Ol saňa nämeler aýtdy?» diýenlerinde, «Men diňe halaýan işlerimi edýärin, sen bolsa olara diňe sabyr et» diýýär diýipdir.

Hawa, sabyrly bol, ýöne ýazgytdan nägile bolup sabyr etme. Şadyýanlyklara ynanýan adamyň, ykbaly, geljegi gowy alymyň, sogaba höwesek talybyň, ýamanlyklaryny ýuwasy gelýän ýazyklynyň sabry bilen sabyr et. Kynçylyklar degre-daşyňy gallap alsa-da, ýöräp

barýan ýodalaryňy tümlük gaplasa-da, diňe sabyr et. Üstünlige sabyr bilen ýetilýändir. Her bir kynçylygyň ýanynda ýeňillik bardyr. Dünýäden öten birnäçe tanymal şahsyýetleriň ömür beýanlaryny okanymyzda, olaryň örän sabyrlydyklaryna, çydamlydyklaryna aklymyz haýran. Üznüksiz kösençlikler, basdaşlar zerarly ýüze çykýan bökdençlikler olaryň depesinden sowuk damjalar deýin guýlup durupdyr. Emma olar tutan ýollaryndan dänmändirler, başlan işlerini taşlamandyrlar. Hakyň mäkämligi ýaly mizemän, daglaryň berkligi ýaly sarsman, durupdyrlar. Sähel salymdan soň olaryň ýüzüne agaryp gelýän buşluk daňynyň ýagtysy, ýeňiş şatlygy we üstünlik hoş habary çaýylypdyr. Sebäbi olar sabyr etdiler. Ýogsa-da, sen sabyr etmegiň asyl manysyna akyl ýetirensiň-ä? Ýa-da zeýrenmän, ýöne hiç zat etmän boş oturmak sabyrdyr öýdýärmiň? Ýok, ol asla beýle däl. Sabyr etmek – bu zeýrenmezden, ýazgytdan nägile bolmazdan hadysalara garşy göreşmekdir. Başarýan zadyňy ýerine ýetirmekdir. Çydamlylygy zähmet bilen utgaşdyrmakdyr. Kynçylyklaryň gözüne biparh garamakdyr.

Sabyrly bol, el uran gumuň gyzyla öwrüler. Gazanan sogabyň bolsa altyndanam haýyrly bolar.

***

## DÜNÝÄNIŇ DERDINI GERDENIŇDEN DÜŞÜR!

Käbir adam bar, uky düşeginde ýatan ýerinden, öz aňynda jahan urşuny turzup, dawa-jenjeli gozgaýar. Onsoň her gün aňda gaýtalanýan bu «uruş» olaryň egnine hakyky labryny atyp başlaýar. Bularyň aň harasadyndan gazanýan zady näme: aşgazan agyrysy, gan basyşy, süýji kesel ýaly «oljalar».

Olar bütin dünýäde bolup geçýän wakalara, hadysalara oturan ýerlerinden ýanyp-bişýärler. Gymmatlap barýan bahalara janlaryny ýakýarlar. Gijigip ýagan ýagşa öjügýärler. Puluň hümmeti düşüberse, birahat bolýarlar. Elmydama şeýle başagaýlygyň we başyňy sämedip

duran ynjalyksyzlygyň içinde gezýärler. Gulaga ilen her bir gykylygy özlerine aýdylandyr öýdýärler.

Saňa berjek nesihatym: dünýäniň derdini depäňde göterip ýörme. Wakalary, hadysalary Ýeriň üstünde, öz ýerinde, öz ugruna goý. Onuň agramyny aşgazanyňa atma. Tüssesini, ýalnyny içegeleriňe salma. Käbir adamyň ýüregi bolgusyz gep-gürrüňleri we ýalan-ýaramaz habarlary özüne sorup alýan esgi ýalydyr: ýönekeýje zatlara ynjalykdan gaçyp, gelýän her bir habara sandyraşyp, sähel zada tolgunyp otyr. Şeýle ýürek her gezek uranda, öz eýesiniň ömründen bir ädimlik ýoly gysgaldyp bilýändigini unutma! Ýüregiňi gemirýän, süňňüňi ýumurýan bu pikirlere bendi-ýesir bolma!

Durmuşdan çykarýan netijeleri we päsgelçiliklerden toplaýan wagyz-ündewleri hak ýola eýerýänleriň ynanjyna ynam goşýar. Yrga, durnuksyz adamlar üçin bolsa her bir çybşyldy olaryň zenzelesine gorky goşýar.

Gaý-tupanlaryň we külpetleriň öňünde durmak üçin gaýduwsyz ýürekden gaýry peýdaly zat ýokdur. Çünki gaýduwsyz, gorkusyz gerçekler giň göwünli, durnukly, tutarykly, maksada okgunly, sowuk beýnili, açyk göwünli bolýarlar. Gorkak-namartlar, ejiz-nalajedeýinler bolsa bolar-bolmaz oý-hyýallar, bolgusyz myş-myşlar, ýerliksiz dowullar, gorky-howsalalar, ham-hyýallar gylyjy bilen her günde öz tenlerini müňlerçe gezek dilim-dilim edýärler.

Endigan, asuda durmuş isleýän bolsaň, kynçylyklaryň ýüzüne mertlik we çydamlylyk bilen bak. Sähel ýöwselläniňe akyly ýetmeýän adamlar saňa äsgermezlik bilen bakmasyn. Şeýle hem olaryň edýän mekirliklerinden ýaňa darykma. Ýüze çykýan wakalaryň öňünde gaýym dur, gaýşaryp dur, çökgünlik ýellerinden başyňy dik tut, harasatlardan güýçli bol. Ýüregi ejizlerden bolma! Ýaşaýşa has höwesek çemeleş! Dünýäniň derdine baş agyrdyp, günüňi çaýkama! Elmydama Alladan geljek goldawa garaş, şonda sen onuň berjek ynjalygyna, rahatlygyna gowşarsyň.

***

# ÝYLGYRYŞ

Aram gülki ünjüleriň dermany, gaýgy-gamlaryň, hesretleriň melhemidir. Göwni göterip, ýüregi şatlandyrmakda onuň täsin güýji we täsiri bardyr. Abu ad-Derda hezretleri «Gülki bilen ýüregime dem-dynç berýärin, özümi dürseýärin» diýer eken. Pygamberimiz hem käte gülende, onuň akyl dişi görnüp gidýärdi diýilýär. Parasatly, duýgur, çuňňur paýhasly adamlar özleriniň göwün solpusyna (derdine) gülki bilen em edýärler.

Gülki, şadyýanlyk giňgöwünliligiň çür başy, rahatlygyň ýokary derejesi, keýpiköklügiň esasy mesgenidir. Ýöne bu öte geçmeýän gülkiniň gürrüňidir. «Aşa köp gülmäň, ýerliksiz we hetdenaşa gülki ýüregi öldürýändir» diýen söz hem bar. Ýakymly ýylgyryşlar, aram gülküler – ähli göwnüň küýsegi: «Dost-doganyň ýüzüne ýylgyryp bakmak sadakadyr» diýen söz asyrlar bäri ýaşap ýör.

Aslynda, asylly ýol-ýörelge ynanç-ygtykat, ybadat, ahlak, özüňi alyp barmak babatda orta-aramlyk, adyllyk çäklerinde binýat edilendir. Gyňyr, hyýrsyz, tutuksy ýüzlerem, bimany üznüksiz gülkülerem oňlanýan däldir. Özüňi hormat-sylagly, şadyýan, ruhubelent alyp barmak ündelýändir. Tutuksylyk, gyňyr ýüzlülik günüňden nägilediginiň, zeýrenjeňdigiň, kelläň göçgünlidiginiň, häsiýetiň (içki tebigatyň) näsazdygynyň, gamaşyk-bulaşykdygynyň alamatydyr.

Baýlyk bilen abraýly derejänimi ýa-da durmuşdan hoşal güler-ýüzlüligimi – haýsy birini saýlajak diýseler, elbetde, ikinjisini saýlardym. Ýüzläp baýlygyň bolanda näme, ýüzüň salyk bolsa? Uly wezipäň bolanda näme, göwnüň dar bolsa? Haçan görseň, dostunyň jynazasyndan gelýän ýaly ýüzi salyk, dargursak, tukat adam elindäki dünýä mülküniň hözirini görüp biler öýdýärsiňmi? Haçan görseň, gaşy ýazylmaýan, ýüzi çytyk we öýi dowzaha öwürýän zenanyň daşky gözelliginde näme haýyr bar? Daşky keşbi göreni haýran etmeýänem bolsa, öz öýüni jennete öwrüp bilýän zenan müň esse haýyrlydyr, hawa, müň esse!

Ýürekden syzylyp çykmaýan ýylgyryşlaryň hiç hili gymmaty ýok. Hakyky ýylgyryş tebigatyň ýaramaz häsiýetlerini süňňüňden aýryp, onsoň ýüze çykýar. Seret, açylan güller ýylgyrýandyr. Tokaýlarda ýylgyryş bardyr. Deňiz-derýalar, asman we ýyldyzlar, guş-gumrularyň ählisi hem ýylgyrýandyr. Şonuň üçin hem olar owadan we özüne çekiji görünýär. Ynsan hem, aslynda, ýylgyrýan edilip ýaradylypdyr, ýöne tamakinlik, ýamanlyk, diňe özüňi bilmek ýaly ýaramaz häsiýetler onuň tebigatyny turşadyp, ýüzüni gamaşdyrypdyr. Şol sebäpli bu zeýilli adamlar tebigatyň akgynly nagmalaryny eşidip bilmeýärler. Köňlünde rehim-şepagat bolmadyk adam ruhy we tebigy gözellikleri görmekden, kalby kirli adam hakykaty bilmekden mahrumdyr. Çünki her bir adam bu dünýäni, durmuşy özleriniň edýän amallary, pikirleri, hyýal-niýetleri arkaly görýär. Edýän işleri haýyrly, pikirleri arassa, hyýal-niýetleri päkize bolsa, onda onuň dünýäni synlaýan dürbüsi hem arassadyr. Ol şonda bu durmuşy hakyky ýaradylyşy ýaly owadanlykda we ajaýyplykda görer. Eger dünýäni görkezýän dürbüsini gurum baglap, aýnalary garalan bolsa, ol ähli zady garaňky, tutuksy, düşnüksiz görer.

Käbir ýürekler bardyr, islendik zatdan şowsuzlyk we şumluk ýasar oturarlar. Käbir ýürekler bardyr, islendik zatdan üstünlik we bagt ýasap bilýärler. Käbir öýüň hanymy öýüň içinde hatadan, hatardan gaýry zady görmez. Her gününi sähetsiz, şowsuz gün hasap eder. Näme üçindir öýdýärsiňiz? Döwlen bir käse üçin, nahara artyk atylan bir çümmük duz üçin, otagda aýagyna çolaşan birje sapak üçin... şeýle bir gaharlanyp, möwjäp, sögünip ugrar welin, heý, goýaý, hetden aşan ol gödek we paýyş sözler öýdäki ähli adamyň degnasyna degip çykar. Seresap boluň, bu häsiýet gözel durmuşy ýalna gabsadyp bilýän uçgundyr. Käbir adamlar bar, eşiden birje nähak sözi üçin, dogry ýaňzydylsa-da, ters düşünenligi üçin ýa-da ýüze çykan bir bolgusyzja iş üçin, ýa bolmasa özi sebäp bolan sähel şowsuzlygy üçin, öwezi ödelmedik gazanjy üçin ýa-da gazanany garaşýan girdejisinden az bolanlygy üçin dünýäni tupana gapladyp,

özleriniň we töweregindäkileriň hem durmuşyny bulap bilýärler. Dünýä olaryň gözüne şeýle bir garaňky, tümlük bolup görner. Soňra ol şol görşi – şol tümlükler bilen özgeleriň hem dünýäsini garaldyp biler. Şeýle pisint adamlar diňe şowsuzlyk tohumlaryny ösdürmäge ukyply ýalydyrlar. Olar birje tümmekden diň, däneden daragt ýasamaga ökdedirler. Haýry gämikletmäge welin, gaýraty çatmajak ýalydyrlar. Alla olara has köp berer, ýöne olar muňa begenip bilmezler. Olar has belent derejelere çykarlar, ýöne bu belentligiň manysyna hem düşünmezler, hözirini hem görüp bilmezler.

Durmuş, ýaşaýyş – bu hem bir sungat. Özi-de öwrenip bolýan sungat. Jübiňde, gapjygyňda, bankdaky hasabyňda lomaý pul durmagy üçin yhlas edeniňden, öz ykbalyňa bähbitli zatlary gazanmagy, al-elwan bägülleri, reýhan otlary, söýgini ösdürip ýetişdirmek üçin yhlas etmek has haýyrlydyr. Durmuşyň mähir-muhabbet, söýgi-mähribanlyk, gözellik, birek-birege ýagşylyk etmek ýaly taraplaryny ösdürmeseň, ähli yhlasy diňe baýlyk toplamaga gönükdirilen durmuş – bu eýýäm ýaşaýyş däldir.

Köp adamlar gözlerini durmuş gözelliklerini görmek üçin açmaýarlar. Diňe pul toplamak üçin oýanýan ýaly. Guşlary saýraşyp duran bossanlyklar, açylan owadan güller, çasly akýan çeşme suwlar, hoş nagmaly guşlar deňinden geçip giderler, ýöne bulara üns bermezler. Olaryň bar ünsi-aladasy puluň hasabyny artdyrmak, girdejiniň we çykdajynyň arasynda sazlaşygy saklamakdyr. Aslynda, baýlyk bolelin we bagtly durmuşy gazanmagyň serişdesi, emma adamlar bu usuly tersine öwrüp, bol-telki, bagtyýar durmuşy baýlyk toplamak üçin sarp edýärler. Bize gözelligi görmek üçin iki sany göz berlipdir, emma biz ol gözleri baýlykdan başga zady görmezlige endik etdirdik.

Umytsyzlyk, lapykeçlik ýaly göwni daraldyp, gaşy çytdyryp bilýän başga bir närse ýok. Onda lapykeçlikden saplanmak üçin aýaga galk! Güler ýüzlüligi, ýylgyrmagy öwren. Adamlar edip bolmaýan zady ündemezler. Aýdýan bolsalar, sen muny başaryp

biljeksiň. Her günde seniň üçinem, beýlekiler üçinem amatly pursatlar bar. Üstünligiň gapysy seniň üçinem, beýlekiler üçinem açyk. Ynam we umyt bilen akylyň gül-gül açylmagyna, geljekden diňe gowulyga garaşmaga endik et.

Sen özüňi ujypsyz, ýönekeý zatlar üçin ýaradylan adam hökmünde göz öňüne getirseň, durmuşda ýönekeý we kiçijik zatlardan başgasyny gazanyp bilmersiň. Eger-de sen özüňi beýik işleri bitirmek üçin ýaradylan adam diýip düşünseň, onda sen özüňde demri-daşy owradyp bilýän erkiň bardygyny duýarsyň. Şol güýçli erk bilenem ähli päsgelçiligiň arasyndan sümme geçip, uly giňişlige hem-de üstünlige-ýeňşe ýetersiň. Maddy durmuşdan muňa bir delil getireýin. Eger-de sen ýüz metr aralykdaky ylgaw ýaryşyna gatnaşsaň, ýüz metr geçeniňden soňra özüňde ýadawlyk, argynlyk duýarsyň. Eger-de dört ýüz metr aralykdaky ylgaw ýaryşyna goşulsaň, onda ýüz, iki ýüz metr aralygy dem salymda, ýadaman-ýorulman, arkaýyn geçersiň. Seniň ruhuň saňa öňüňde goýan maksadyňa görä güýç-gaýrat we erk berýär. Öňüňde anyk we beýik maksat goý! Goý, ol almasy aňsat, ýetmesi ýeňil bolmadyk abraýly, mertebeli maksat bolsun! Sen her gün şol maksadyňa tarap täze bir ädim ät! Her gün täze bir ädim bilen öňe ýöre!

Göwni çökgün we ýüzi tutuksy görkezip, ömri zyndana öwürýän lapykeçlik, umytsyzlyk, her bir zady erbetlige ýormak arkaly durmuşy ýaramaz saýmak, adamlardan aýyp gözlemek, älem-jahanyň diňe galagoply, ýaman-ýaramaz wakalarynyň gürrüňini etmek ýaly häsiýetlerden doly üzňe bol! Beýle endiklerden ymykly araňy aç.

Iň bagty gelen adamlar terbiýesi jüpüne düşen adamlardyr. Eger-de ene-atalar, terbiýeçiler, mugallymlar olaryň dogabitdi asyllylyk häsiýetlerini ösdürip, gowy gylyklaryny sazlap, gözýetim-garaýyşlaryny giňeldip bilen bolsalar, ýüzi açyklyga, jomartlyga, giň göwünlilige endik etdiren bolsalar, iň asylly we bähbitli maksadyň başardygyňdan ile-güne ýagşylyk etmekdigini

düşündiren bolsalar, köňlüň her bir ýagtylyk-yşy, söýgi-keremi, haýyr-sahawaty nurlandyrýan güneşdigini, ýüregiň mähir-muhabbetden, ýagşylykdan, adamkärçilikden doly bolmalydygyny, gatnaşyk saklaýan, gabatlaşýan her bir adam bilen mylakatly bolmalydygyny öwreden bolsalar – bular bagtly bolmaga iň mynasyp adamlardyr.

Ýylgyrýan, göwnaçyk adam ýüz kynçylygy görer-de, ýylgyrar, gaýta ýene bir kynçylygy ýeňjekdigine bolan ynam hoşuna geler. Ýüzüni sowmaz, kynçylygyň ýüzüne sereder – ýylgyrar. Çäresini tapar – ýylgyrar. Hötdesinden geler – ýylgyrar. Tutuksy ýüzler bolsa sähel kynçylygy göreninden, yzyna serpigip gaçar. Seretdigi saýy, ýagyr gurçugy ýaly ulalar gider, erki ejizlär, süňňi gowşar, gujur-gaýratyndan nam-nyşan galmaz. Bahana yzyna bahana agtaryp başlar. Onuň nägile bolup, gargap oturan «döwri-zamany» bolsa özüniň ýaramaz tebigatyndan we terbiýesinden başga zat däldir. (Ol döwürden-zamanadan her gadar nägiledir, ýöne bu nägilelik üçin döwürde günä ýokdur, olaryň öz tebigatynda we terbiýesinde nogsanlyk bardyr).

Ol üstünlik gazanmak isleýär, ýöne onuň bahasyny tölesi gelenok – yhlas edesi, zähmet çekesi gelenok. Onuň ýönelen her bir ýolunda agzyny açyp duran ýolbars bar ýaly, hamana. Ol asmandan ýagyş däl-de, altyn ýagaryna ýa-da ýeriň jarka ýarylyp, bir hazynanyň ýüze çykaryna garaşyp gezýär.

Durmuş kynçylyklarynyň göwrümi-gabarasy köňlüň ony nähili görýändigine bagly. Her bir agyr, kyn zat kiçi, ejiz köňüllerde has agyr bolup görünýär. Belent we gaýratly köňül üçin ýeňip bolmaýan kynçylyk, geçip bolmaýan böwet diýen düşünje ýokdur. Gaýta beýik köňüller uly işleri gördügiçe barha dogumlanyp, ýigdelip başlaýar. Ejiz, hor-har köňüller bolsa, kynçylykdan gaçdygy saýy süňňüni der, ýüregini dert basyp, öňküje ýagdaýyny hem ýitirýär. Kynçylyklar ýarak (diýen etmezek) it ýalydyr. Gorkup gaçýandygyňy bilse, üýrüp, yzyňdan ko-

walap başlar. Eger ähmiýet bermeýändigiňi, äwmeýändigiňi, gözüň ýanyp durandygyny bilse, guýrugyny ýamzyna gysyp, ötere ýol berer. Gaýta, senden gorkusyndan ýaňa öz ini düýrüger durar.

Göwnüňi çökerip, ruhuňy berbat edýän iň hatarly urgy öz gymmatyňy bilmezlikdir. Özüňi pes, emelsiz, başarnyksyz adam hökmünde göz öňüne getirmekdir. Uly işleri bitirip bilmejek ýa-da özüňden uly ýagşylyga garaşylmaýan adamdyr öýtmek ýalňyş pikir. Öz pesligiň, ejizligiň hakdaky şeýle ters pikirler özüňe, güýç-kuwwatyňa, ukyp-başarnygyňa bolan ynamy kül edip taşlaýar. Bir işiň başyna barsaň, başarnyga bolan müňkürlik we üstünlige bolan ikirjiňlenme durky-düýrmegiň bilen zähmet çekmekden sowaşdyrýar. Şeýdibem, şowsuzlyga uçraýarsyň. Unutma, Alla saňa ömür beren bolsa, sen bu ömre gereksiň we seniň gymmatyň bardyr.

Her bir zada ynamly girişmek ýaly beýik zat ýok. Üstünligiň esasy açary – şol işi başarjakdygyňa bolan ynam. Özüňe, güýç-gaýratyňa bolan ynam bilen özüňe aşa göwnüýetijiligiň, özüňe magrurlygyň, hondanbärsiremegiň arasynda Ýer bilen Gök ýaly üzňelik bar. Özüňe göwnüýetijiligiň özeninde ham-hyýallara ýugrulan, degersiz ulumsylyk ýatyr. Özüňe ynanmaklygyň özeninde jogapkärçiliklere hötde gelmek, özüňi güýçlendirmek, taplamak we has kämil taýynlanmak ýaly, başarnygyňa bolan ynanç ýatyr.

Şahyr Iliýa Abu Mazynyň setirlerinde şeýle diýilýär:

«Ol maňa: «Gögüň ýüzi tutuksy, garalypdyr» diýdi.

Men oňa «Garalsa, Gögüň ýüzi garalýar. Sen ýylgyr, ýüzüňi aç» diýdim.

Ol: «Göwün asmanym hem gubarlandy, onuň içi garaňky zulmata öwrüldi.

Ýüregime salanymdan soňra, ýagdaýlar ýaramazlaşdy.

Gülere, ýylgyrara rowgatym ýok» diýdi.

Men: «Ýylgyr. Her zady ölçerip-ölçäp ýörseň, ömri birahatlyk bilen ötürersiň» diýdim.

Ol: «Söwdalar hem ugrugyp gidenok. Basdaşlar kän. Teşnelikden heläk bolup barýan mysapyr ýaly» diýdi.

Men: «Ýylgyr! Derdi hem, şypany hem sen bereňok, ýylgyryp gör, belki, ähli zatlar düzeler.

Başga biri günä iş etse, hamana, ony özüň eden ýaly, öýde müýnli, örtenip otyrsyň» diýdim.

Ol: «Daş-töweregim basdaşdan doly, olaryň zenzelesi göge galdy,

Daşymy duşman gaplap durka, neneňsi ýylgyraýyn?» diýdi.

Men: «Ýylgyr, olaryň günäsi üçin seni tutmazlar. Sen şolardan däldigiňe begen we ýylgyr» diýdim.

Ol: «Ömür möwsümleri baýdagyny göterdi. Olar meniň geýnişime hem, ýüz keşbime hem täsirini ýetirdi.

Ýakynlarymyň öňünde borjum hem başdan agdyk. Berere welin, elimde pulum ýok» diýdi.

Men: «Ýylgyr, sen heniz diri we ýakynlaryňdan hem aýrylaňok» diýdim.

Ol: «Gijeler maňa türşek dadyran ýaly, gözlerimden ukyny aldy» diýdi.

Men: «Ýylgyr. Sen türşek dadan ýaly hem bolsaň, seniň bu halyňy gören başga biri, gaýgy-hasratyny bir ýana zyňyp, sen ýaly hiňlenmegi özüne bagt biler.

Sen näme gaýgy bilen pul gazanyp bolýandyr öýdýärmiň ýa-da güleňde, ýylgyraňda mülküň tozar öýdýärmiň?

Eý, dostum, dodaklaryň düýrülip, ýüzüň gamaşyk bolmagynda haýyr ýokdur.

Gül, ýylgyr. Gije tümlüge çümende, ýyldyzlar ýylgyrýandyr, ýyldyzlary biz şonuň üçin söýýäris» diýdim.

Ol: «Bu dünýä öz erkine gelmeýän we bu dünýäden mejbury gidýän ynsany ýylgyryş bagtly edip bilmez» diýdi.

Men: «Ýylgyr, hatda ölüm bilen araňda bir garyş aralyk galan hem bolsa, ýylgyr. Şu wagt ýylgyrmasaň, soň güljegiň gümana» diýdim».

Ýylgyryş, gülerýüzlülik, açyk we giň göwünlilik, geçirimlilik, ruhubelentlik hem-de eglişik etmeklik ynsanlara gerek esasy häsiýetlerdir.

***

## KÖSENÇLIK WE NYGMAT

Agyry-ynjy çekmek, görgi görmek elmydama ýazgarylýan, ýigrenilýän zat däldir, gaýta, käteler bendäniň görgi görmeginde, kösenmeginde onuň üçin örän köp peýda bardyr.

Kösençlik çekýän wagtyňyzda Hudaýa edýän gyzgyn dileg-dogalaryňyz halys ýürekden çykýandyr. Dert-agyry bilen gurşalan wagtyňyz sydky-köňülden tesbihler aýdýansyňyz. Ylym gazanylýan möwsüminde talybyň gören kösençlikleri we gerdeninde göteren ýüki ugurtapyjy, başarjaň bir alymy hasyl edýär. Ilkibaşda kynçylyklar bilen ýanyp-bişen talyp, ahyrynda Gün deýin ýalbyrap dogýar, ýagtylyk saçýar. Şahyryň durmuş ýolundaky örtenmeleri we başdan geçirmeleri täsirli hem-de maýyl ediji eserleri döretmegine esas bolýar. Çünki ol külpetleri kalby, süňňi bilen duýýar. Öz setirleri bilen ony özgeleriň ýüregine haşamlap, nagyş salýar – duýgular gozganýar, ýürekler gobsunýar. Ýazyjynyň başdan geçirmeleri, durmuşda duçar bolan kösençlikleri nakyllaryň, şekilleriň, ýatlamalaryň arasyna siňip, ölmez-ýitmez we özüne çekiji eseriň döremegine getirýär.

Süýji, bol-telki, aladasyz durmuşda ýaşan, hiç hili kösençlik çekmedik, kynçylyklaryň neşterine awunmadyk, külpetler bilen ýygrylyp-ýazylmadyk talyp ýalta, ysgynsyz, ugursyz bolup galar. Agyry-ezýetiň nämedigini bilmeýän, durmuşyň ajysyny-turşusyny datmadyk şahyryň goşgulary bimany gürrüňleriň topbagy we köpürjik deýin sözleriň üýşmegidir. Sebäbi bu sözler, setirler olaryň wyždanyndan dömmedik, düşünjesinden syrygmadyk, kalbyna, süňňüne ornamadyk duýgulardyr. Ol diňe dil ujundan çykan şygyrlardyr.

Muňa has jaýdar we nusgalyk mysal getireýin: Yslamyýetiň ilkiçaglarynda ýaşanlar, pygamberlik daňynyň atyşyny we sag-

dyn milletiň kemala gelşini gözi bilen gören adamlar ynanç-iman, ýürekleriniň päkligi, dilleriniň sadyklygy, ylymlarynyň çuňlugy babatda has belentde durýarlar. Çünki olar hut kösençlikleriň, kynçylyklaryň arasynda ýaşadylar we muňa döz geldiler. Ymmatyň iň saýlanan, iň arassa, iň asylzada adamlary bolup galdylar. Päkizeligiň aýdyň alamatyna, asylzadalygyň parlaýan tuguna, hak iş üçin özüňi pida etmegiň nusgasyna öwrüldiler.

Agyr hassalyklary, kynçylyklary, kösençlikleri başdan geçiren birnäçe adamlar ajaýyp eserleri miras galdyrdylar. Sebäbi olar durmuşyň galagoply, gaýgy-hesretli, örtenmelerden doly ýollaryndan ýörediler. Kynçylyklar bilen bişişdiler. Şahyr Mütenebbi gyzdyrma bilen kesellände, onuň agşamlaryna möwjeýändigini ýaňzydyp:

«Meniň bu myhmanym örän utanç-haýaly ýaly,

Ol meniň ýanyma diňe garaňkylykda gelýär» diýen setirlerini ýazdy.

Durmuşda yz galdyran şeýle adamlar örän kändir, sebäbi olar kynçylyklary başdan geçirip, şol derejä ýetdiler.

Onda başyňy alyp duran agyry-dert üçin gyýylma. Kynçylyklardan ejizleme, örtenmelere per berme. Päsgelçiliklerden gorkma. Seniň bir ömürlük güýç-gaýratyň hem, guwanara-buýsanara zadyň hem bardyr. Göçgünli we joşgunly ýürek bilen ýaşap görmek, käteler örtenmek we janyňy ýakmak, kösenmek duýgulary, garaýyşlary, ýollary has tämizleýän, parlak edýän zatlardyr. Bu ýagdaý sowuk duýgular, mejalsyz bedenler, öçügsi göwünler bilen ýaşamakdan has haýyrlydyr. Çünki soňkularyň ynsan mertebesini galdyrmakda hiç hili haýry-peýdasy ýokdur.

Ýalynly we ýyly sözler, öwüt-ündewler ýürek gatlaryna aralaşyp, jan çuňluklaryna çümýär. Çünki agyry-dert, ynjy-yza ýürek we jan bilen çekilýär. Şeýle görgülerden soňra «Allatagala olaryň ýüregindäki zatlary bildi we olara ynjalyk aralaşdyrdy hem-de ýakyn geljekdäki bir ýeňşi-üstünligi bagyş etdi» diýlen söz hakykat ýüzünde hasyl bolýar.

Käbir şahyrlaryň goşgularyny, şygyr diwanlaryny okarsyňyz, emma olar şeýle bir sowuk, ol setirlerde asla joşgun, gyzgalaň görmersiňiz. Sebäbi olar bu setirleri çendenaşa rahatlygyň içinde, agyry-ynjyny, alada-ünjini duýman düzüpdirler. Şeýdibem, ol bir buz bölegi ýa-da laý tokgasy ýaly bolup kemala gelipdir.

Öwüt-nesihatly käbir eserler bardyr. Diňlärsiň, bir duýgyň hem gozganmaz. Eşidersiň, ýüregiň oýanmaz, hatda süňňüň bir zerresi hem gymyldamaz. Çünki olar bu sözleri kynçylygy görmän, şol zatlary başdan geçirmän, anyk göz ýetirmän ýazyp goýberýärler. Mukaddes Kitapda aýdylyşy ýaly, «Ýüreklerinde ýok zady dillerine getirýärler».

Öz şygryň ýa-da sözleriň bilen ile-güne täsir etmek isleseň, zähmet we kynçylyklar bilen özüňi tapla. Şol zatlardan täsirlen. Ajy--süýji, turşy ýagdaýlaryň tagamyny dat. Kynçylyklaryň göni içine aralaş, päsgelçilikler bilen göreş, şonda seniň aýdýan her bir sözüň, edýän her bir hereketiň özgelere nusgalyk we täsirli bolup galar.

***

## BILIM NYGMATY

«Allatagala saňa bilmeýän zatlaryňy öwretdi. Allanyň saňa bolan merhemeti beýikdir». Sowatsyzlyk ynsabyň ölümi, durmuşyň weýran bolmagy, ömrüň ýele sowrulmagydyr. Kurany-kerimde: «Nadan, bilmeýän adamlardan bolmaň» diýilýär.

Ylym-bilim köňül gözgüsiniň ýagtylygy, ruhlaryň diriligi, tebigatyňy janlandyryp, ýyladyp duran otdur.

Şatlyk-şadyýanlyk we göwnügiňlik ylym bilen gazanylýar, olara ylym-bilim bilen ýetilýär. Ylym düşnüksiz zatlary aýdyňlaşdyrýar, ýiten-ýitirilen zatlary gazanýar, örtülgi zatlaryň üstüni açýar. Ynsan köňli täze zatlary bilmäge we geň-täsin zatlary synlamaga höwesekdir.

Sowatsyzlyk, nadanlyk bolsa perişanlyk we tukatlykdyr, gaýgy we gamdyr. Sebäbi beýle ýaşaýyşda hiç hili täzelik, özüne çekijilik,

* 19. Sargyt № 975

täsinlik, datlylyk ýok. Onuň şu güni hem edil düýni we öňňini ýaly. Onuň ertiri hem edil şu güni ýaly.

Bagtyýar ýaşasyň gelýän bolsa, ylym-bilim al, täze zatlary öwren. Gözüň elmydama täzeçillikde, gowy zatlaryň gözleginde bolsun. Peýdaly maglumatlary topla. Şonda tukatlygam, gaýgy-gamam, ýerliksiz ünjülerem senden arany açar. «Allahym, meniň ylmymy artdyr (zyýada et)» diýip, dileg et», «Ýaradan Biribaryň ady bilen oka!», «Allatagala kime uly ýagşylyk etmek islese, oňa din-durmuş ýollaryny öwreder (düşündirer)». Ylym-bilimi nola deň bolan nadan ne baýlyk bilen, ne at-abraý bilen öwünmäge haklydyr. Onuň durmuşy doly we ömri kämil däldir. «Perwerdigärden saňa inderileniň hakykatdygyny bilýän adam, şony bilmeýän kör kişä meňzärmi?».

Zamahşarynyň sözlerini ýatlaň:

«Ylym dörjeläp geçiren ukusyz gijelerim, maňa näzeniniň wysalyndan we mähirli gujagyndan lezzetlidir.

Düşnüksiz meseläni çözmek üçin höwes edip yranyp oturyşym, sakynyň meýinden has işdä açyjydyr we datlydyr.

Galamlarymyň kagyz ýüzündäki jygyldysy (sesi), dawakeşleriň galmagalyndan we aşyklaryň pyşyrdysyndan süýjüdir.

Kagyzlarymyň ýüzünden kakyp aýyrýan gum-çägelerimiň sesi, ýaş sazanda gyzyň kakýan nagara sesinden lezzetlidir.

Meniň derejämi arzuw bilen gazanmaga çalyşýan, eý, ynsan, kämil bilen höwesegiň arasy, gör, nähili uzakdyr.

Men munuň üçin tüm gijeleri ýatman geçirýän, a sen ukyny urýaň, ýene-de meniň derejäme ýetmek isleýäň».

Ylym, gör, nähili şerapatly zat. Gör, jan-köňül onuň arkasyndan nähili şatlanýar, gursaklar köşeşýär, hatyra-hakyda hoşuňa gelýär. «Hudaýyň bagyş eden aýdyň ýoluna eýerýän kişi, öz eden ýaman amalyndan göwnühoş bolup, haý-höwesine eýeren kimseler ýaly bolarmy?» diýilýär.

***

# ŞADYÝANLYK SUNGATY

Ýüregiň şadyýanlygy, durnuklylygy we rahatlygy iň uly nygmatlaryň biridir. Ýürek şadyýanka zehiniň ýiti, döredijiligiň hasylly, janyň joşgunlydyr. Aýtmaklaryna görä, şatlyk-begenç hökman öwrenilmeli we öwrenip bolýan sungatlaryň, ylymlaryň biridir. Ony nähili gazanmalydygyny, hasyl edip bolýandygyny bilýän adam durmuşyň ajaýyplyklaryndan we ýaşaýyş ýollaryndan özüne geregini gazanar. Çar ýany nygmat bilen gurşalar we öz ömründen minnetdar bolar. Munuň üçin nämeler etmeli? Şadyýanlyga ýetmek üçin çydamlylyk kuwwaty we her hili ýagdaýlardan baş alyp çykmaklyk gerek. Durmuş harasatlarynyň öňünde çaýkanmaly däl, hadysalaryň öňünde sarsmaly däl, biderek zatlara janyňy ýakmaly däldir. Ýüregiň güýç-gaýratyna we päkizeligine görä janyň röwşenlik we rahatlyk tapar.

Durnuksyz häsiýet, kynçylyklara garşy gowşak hereket etmek, bisabyr jan alada-ünjüleriň, gaýgy-gamlaryň, derdi-yzalaryň eýerläp münen ulagydyr. Kim kynçylyklara garşy durmaga we sabyr etmäge endik etse, päsgelçilikleri ýeňmek oňa aňsat bolar. Arap şahyrlarynyň birinde: «Ýigit diňe arzuwlarda ýüzmegi endik etse, Onuň ýörejek ýeri diňe batgalyk bolar» diýen setirler bar. Diňe arzuw bilen çäklenmän, gaýrata galyp, zähmete daýanmalydyr.

Gözýetimiň darlygy, garaýşyň ýüzleýligi, diňe öz bähbidiňi ileri sürmeklik hem-de bu dünýäni we ondaky ähli zatlary gözden salmaklyk şadyýanlygyň ganym duşmanlarydyr. Diňe öz bähbidini bilýänler adamlaryňam, Allanyňam duşmany hasap edilýär. Allatagala şeýle adamlary «Olar diňe öz janlarynyň gamyny ederler» diýip suratlandyrdy. Dar düşünjeli adamlar diňe özlerini tutuş barlyk hökmünde görerler. Beýlekiler hakda pikir etmezler, özgeler üçin der dökmezler. Başgalaryň aladasyna baş galdyrmazlar. Senem, menem ýaralarymyzy, gaýgy-hasratlarymyzy unutmak üçin käteler özümizden ünsümizi sowup, käteler nebsimizden, öz aladalarymyzdan uzaklaşmalydyrys. Şol wagtda biz birbada iki işiň hötdesinden geleris: hem özümizi, hem-de beýlekileri begendireris.

Şadyýanlyk sungatynyň ýene bir esasy ýoly pikirleriňi jylawlap, duýgularyňy çäklendirip bilmekdir. Onuň (pikirleriň) azaşmagyna, gaçmagyna, ýolundan gyşarmagyna, tezmegine, gaharyňy getirmegine ýol bermegin. Eger sen pikirleriňi öz ugruna goýberseň, onuň ynjysyny, näzini çekiberseň, ol saňa dünýä ineliň bäri hatyraňda saklanan hasratly günleriň hasap depderini gaýtadan ýadyňa salar. Kynçylyklar, ýaramazlyklar hakdaky kitaplaryňy özüňe okap berer. Pikirleriň jylawy goýberilse, sergezdan pikirler ýaraly geçmişiň şowsuzlyklar kyssasyny we gorkuly geljegiň galmagalyny açyp görkezer. Ynanç sütünleriň sarsar, barlygyň çaýkanar, duýgularyň gorjalar. Şonuň üçin duýgularyňy owsarla we olary netijeli, peýdaly bir işi etmäge gönükdir (yhlas bilen gönükdir). Hem-de her bir haýyrly işiň başyna baranyňyzda «Hiç wagt ölmeýän Allatagala töwekgel ediň (bil baglaň)».

Şadyýanlyk sungatyny öwrenmegiň ýene bir ýeser ýoly bar: ýaşaýşa mynasyp baha bermek, ony öz mertebesinde görmek. Ýaşaýyş bu bir gyzyklanma, oýun-güýmenjedir. Ýeri onsoň şeýle häsiýetli durmuş üçin neüçin gama batýarsyň? Geçip giden her bir güni, maddy zatlary üçin hasrat çekýärsiň?

Hadysda aýdylyşyna görä: «Ylym öwrenmek bilen gazanylýar, çydamlylyk – tejribe bilen». Edep-terbiýe sungatyna görä, şadyýanlygy öz häsiýetiňe öwrüp bolýar. Munuň üçin elmydama ýagşylyk etmeli, özgeleriň ýüzüne gülüp bakmaly, pursatlary peýdalanyp bilmeli (sebäpleri tutmagy başarmaly), hemişe gowulyga tarap ädim ätmeli. Dünýä durmuşy göz-gaşymyzy çytyp, zeýrenip, ýazgaryp, kimdir birinden nägile bolup ýörenimize degýän däldir.

Şübhesiz bir hakykat – sen gaýgy-hasratlaryň galdyran yzyny, täsirini durky-düýrmegi bilen durmuşyňdan aýryp bilmersiň. Çünki durmuş şeýle ýaradylan: «Hakykatdan hem, biz ynsany mähnet-muşakgat içinde ýaratdyk», «Allatagala siziň haýsyňyzyň ýagşy amal edýändigiňizi synamak üçin ýaratdy» diýen sözler bar. Esasy maksat gaýgy-gamlary, alada-ünjüleri, gowgaly pikirleri, mümkin boldugyndan, azaltmakdyr. Bu dünýäniň halyny-ýagdaýyny, sypatyny-keşbini

tanan adam onuň jebir-jepadan, örtenmelerden doludygyna göz ýetirer. Bu zatlaryň dünýä durmuşynyň asyl tebigatydygyny, gylyk-häsiýetidigini biler. Arap şahyrlarynyň birinde şeýle setirler bar:

«Ol beren wadasyna hiç wagt hyýanat etmejegine söz berdi, Ýöne ol hiç wagt wepa bermezlige äht eden ýaly».

Eger dünýä durmuşynyň ýagdaýlary biziň aýdyşymyz ýaly bolsa, onda akyly, üşügi, düşünjesi bolan her bir adam muny öz garşysyna ulanmaly däldir. Özüni bolgusyz pikirlere, ötegçi hesretlere, gaýgy-gamlara ýesir-bendi etmeli däldir. Gaýta durmuşy bulaşdyrýan bu ýagdaýlara garşy güýjünde baryny edip göreşmelidir.

***

## OÝLANMA

**Gamgyn bolma!** Sen garyp bolsaň, başga biri bergä çümüp oturandyr. Sende ulag ýok bolsa, başga birinde aýak ýokdur. Bir agyrydan zeýrenýän bolsaň, özge biri ýyllarboýy düşege baglanyp ýatandyr. Sen bir jigerbendiňi ýitiren bolsaň, başga ýerde bir hadysada birnäçe perzendini elden aldyranlar bardyr.

**Gamgyn bolma!** Sen musulmansyň. Allanyň birligine, pygamberlere, perişdelere, ahyret gününe, ýazgydyň haýrynyň, şeriniň Alla tarapyn ýüze çykýandygyna ynanýarsyň. Bu zatlara ynam etmek bilen dünýädäki iň beýik nygmata – iman nygmatyna eýesiň.

**Gamgyn bolma!** Günä iş etseň, dessine toba et! Ýamanlyk etseň, dessine ötünç sora! Ýalňyşsaň, derrew düzet! Allanyň merhemeti giň, toba gapysy elmydama açykdyr. Allanyň geçirimliligi beýikdir. Ýürekden çykan tobalar kabul edilýändir.

**Gamgyn bolma!** Janyňy örteme, barlygyňy çaýkama, ýüregiňi ýadatma, düşegiňi birahatlyga eýeletme we aladalara çümüp, gijäňi çirim etmän geçirme! Arap şahyrlarynyň birinde şeýle setirler bar:

«Bir bela-beter üçin ýigit dargursak bolar, emma Allanyň ýanynda onuň çykalgasy bardyr.

Bogular, darygar, haçan-da halkalar dartylyberende, bir yş açylar, düwün çözüler. Bu düwünler öň asla çözülmejek ýaly görnen bolsa-da».

***

## DUÝGULARY JYLAWLAMAK

Joşgunlaryň möwjemegi we duýgularyň gozgalaňa düşmegi iki sebäp bilen ýüze çykýar: çakdanaşa begeneniňde we agyr ýagdaýa ýoluganyňda. Hadyslaryň birinde: «Iki sany akmak (kelesaň) we ýakymsyz – çirkin sesi çykarmak maňa gadagan edildi: ýakymly ýagdaýa, nygmata çümülende we bela-betere uçralanda» diýilýär. Kurany-kerimde hem «Eliňizden giden närsä gynanmaň we bagyş edilen närse bilen aşa şatlanyp (howalanyp) gitmäň» diýen söz bar. Hut şonuň üçinem pygamberimiziň hadysynda: «Hakyky sabyr ilkinji urguda (zarbada) äşgär bolýar» diýilýär. Gaýgyly we şatlykly pursatlarynda duýgularyna erk edip bilýän adam ýanbermezlik we durnuklylyk mertebesine mynasypdyr. Ol bu häsiýetleri bilen gönençlige we rahatlyga, bagta we bol-telkilige ýeter. Nebsinden üstün çykyş lezzetini dadar. Allatagala ynsany öte şadyýan, gopbamsy diýip suratlandyrdy. Ýamanlyga uçrasa, gyýylýandygyny, hoş güne ýetse, gysylýandygyny aýtdy. Diňe namazyny yzygiderli okaýanlar bu nogsanlykdan azatdyr. Olar şatlykda we begençde, gaýgyda we hasratda özlerini endigan, birsyhly durnukly alyp barýarlar. Hoş gününde şükür edýärler, kyn gününde sabyr edýärler.

Möwjeýän duýgular, güýçli äheňler ynsany görlüp-eşidilmedik derejede ýadadýar. Horlaýar, azar berýär, ukusyny gaçyrýar. Şeýle ynsanlar gaharlansa, çäkden çykýar. Özüni saklap bilmeýär. Gözi gyzarýar, agzyndan ýalyn çabraýar. Özgelere haýbat atýar. Jany ýanýar, ýüregi otlanýar we adyllyk, deňagramlylyk çäginden çykýar. Bir zada aşa begense, sapa-lezzetlere çümýär. Bu bagtyýar döwrana meýmiräp, özüni unudýar. Adamkärçilik çäginden öte geçýär. Birini halamasa, terk etse, ýazgarýar, aýybyny agtarýar. Ähli gowy taraplary-

na gözüni ýumýar. Artykmaçlyklaryny ýere gömýär (gizläp saklaýar). Kimdir birini halasa, oňa hormat halatlaryny ýapýar. Ony kämilleriň hatarynda arşa göterýär. Eserleriň birinde şeýle söz bar: «Dostuňy söýseň, çäkden çykman söý, kim bilip dur, bir gün duşmanyň bolup galaýmasyn. Duşmanyňy ýigrenseň, çäkden çykman ýigren, kim bilip dur, bir gün dostuň bolup geläýmesin». Pygamberimiziň hadysynda: «Eý, Allahym, gahar-gazapda hem, razy-hoşallykda hem adyllygy, aramlygy bereweri» diýilýär.

Duýgularyny jylawlap, ony akylynyň ygtyýaryna salyp bilýän, oňa akyly bilen höküm edip bilýän adam, her bir zadyň agramyny ölçäp, her zada bolmalysy ýaly baha kesýän adam hak zady görer, düz ýoly saýgarar we hakykaty gazanar.

Yslam dini ruhy-ahlak gymmatlyklar, gylyk-häsiýetler babatda deňagramlylygy saklamagy ündeýär. Ol sagdyn ýörelgäni, makul görlen kanuny we mukaddes milleti peýda eden dindir. «Sizi iň haýyrly kowum etdik» (Gurhan, 2-143). Biziň ýörelgelerimiz deňagramlylyk esasynda gurlandyr. Ähli zatda adyl bolmak gerek: kanunda, hökümde, hereketde, sözde, amalda, gylyk-häsiýetde adyllyk, deňagramlylyk saklanmalydyr. «Perwerdigäriňiziň sözleri sydk-u-adalatda kemal boldy» diýilýär.

***

## TUKATLYGY DURMUŞYŇDAN KOW!

Birzeýilli, üýtgewsiz durmuşda ýaşaýan adam tukatlyk, içgysmalyk derdine ýolugýar. Çünki jan tiz tukat bolýandyr. Üznüksiz gaýtalanyp duran şol birmeňzeşlikler ynsany basym irizýär. Hut şonuň üçinem Allatagala üýtgäp duran pasyllary, möwsümleri ýaratdy. Dürli-dümen naz-nygmatlar, iýgi-içgiler, her hili jandarlar, gije-gündiz, beýiklik we çöketlik, düzlük we daglyk, ak we gara, gyzgyn we sowuk, salkyn saýa we jokrama yssy, datly we turşy ýaly zatlary hasyl etdi. Allatagala bu köp öwüşginliligi we köpdürlüligi öz kitabynda hem ýatlady: «Onuň (balarynyň) garnyndan adamlar üçin şypaly

derman bolan elwan reňkli içimlik çykar», «Ol beýiklere göterilýän we göterilmeýän baglary, hurmazarlyklary we miweleri hilme-hil bolan ekinleri, ýapraklary biri-birine meňzeýän we miweleri bolsa meňzemeýän zeýtuny we narlary ýaratdy», «Biz bu günleri (ýagny ýeňiş we ýeňliş günlerini) adamlaryň arasynda aýlap durýarys».

Ysraýyl kowumy şol bir tagamdan bez bolansoň, «Birmeňzeş tagama hiç kanagat edip bilmeýäris» diýdi. Çünki olar hernäçe gowy hem bolsa, diňe bir tagama endik edipdiler. Mamun hezretleri Gurhany käteler oturyp, käteler dik durup, käteler ýöräp barýarka okar eken. Ol «jan tiz tukat bolýan zatdyr (şol bir ýagdaý tiz ýürege düşýär)» diýer eken. «Olar turanda hem, oturanda hem, ýatanda hem Allany ýatlaýarlar».

Ybadatlar hakda pikir edip görüň, olar örän köpsanly we köp görnüşlidir. Ýürek, söz-dil, iş-amal, pul bilen ýerine ýetirip bolýan ybadatlar bardyr. Namaz, sadaka-zekat, oraza, haj, Hakyň ýolunda söweşmek hem bulara degişlidir. Namazyň bir özünde dikeliş, eglim, sežde, oturyş ýaly birnäçe dürli hereketler, ýagdaýlar bar. Kim özüni ruhubelent, dogumly, gujurly alyp barasy gelýän bolsa, ýagşylyklary üznüksiz dowam edesi gelýän bolsa, gündelik durmuşyna dürli--dümenlik çaýsyn. Ýerine ýetirýän işlerine dürlüçe çemeleşsin. Ýaşaýyş hörpüni, okaýyş usulyny gaýtalanýan we tiz irizýän şol bir hereketlerden däl-de, dürli-dürlülik bilen doldursyn. Mysal üçin, kitap okaýarmy, dürli ugurlara degişli: Gurhan, Gurhanyň tefsirleri, meşhur adamlaryň ömür beýanlary, hadyslar, hukuk, taryh, edebiýat, jemgyýetçilik medeniýeti ýaly kitaplary saýlasyn. Wagtyny ybadatlary bitirmek, rugsat berlen zatlardan gönenmek, sogaply amallary artdyrmak, dost-doganlaryny zyýapata çagyrmak ýa-da myhmançylyga gitmek, bedenterbiýe bilen meşgullanmak, gezim-gezelenç etmek, dynç almak, göwün açmak ýaly rugsat berlen zatlaryň arasynda paýlaşdyrsyn. Şonda bu wagtky tukat we melul köňlüň dogumly we zarbyndan ot syçrap duran joşgunly ruha öwrüler. Çünki ruh dürli-

-dümenligi we täzeçilligi eý görýän närsedir. Täze zatlardan joşgun we hyruç alýandyr.

***

## GAMGYN BOLMA!

**Gamgyn bolma!** Ýazgyt üýtgewsiz, takdyr gutulgysyzdyr. Galamlar gurady, sahypalar ýapyldy. Ähli iş üýtgewsiz, berkarardyr. Gaýgy-gam hökman bolaýmaly wakany öňe-de süýşürip bilmez, yza-da. Artdyrybam bilmez, egsibem bilmez.

**Gamgyn bolma!** Gaýgy-gam bilen zamanaň togtamagyny, Günüň saklanmagyny, sagat dilleriniň tersine gaýtmagyny, yza ýöremekligi, derýalaryň gözbaşyna akmagyny isleýärmiň?

**Gamgyn bolma!** Çünki gaýgy-gam howany bozýan, tolkunlary seçeleýän, asmany garaldýan, ajaýyp baglarda ýaňy açylan ter gülleri döwüp taşlaýan bozuk şemal ýalydyr.

**Gamgyn bolma!** Gaýgy-gamly adam deňizden gözbaş alýan we ýene-de aýlanyp-öwrülip deňze guýýan akmak derýa ýalydyr. Öz dokan zadyny berk-pugta bolandan soňra, üzüp-üzüp taşlaýan zenan kysmydyr. Deşik haltany üfläp, ýelden doldurmak isleýän adam ýalydyr. Barmagy bilen suwuň ýüzüne hat ýazýan kätip mysalydyr.

**Gamgyn bolma!** Rahatlyk we bagtyýarlyk seniň hakyky ömrüňdir. Bagtyýar ötmeli günleriňi gaýgy-gama sarp etme, gijeleri aladalara paýlama. Sagatlaryňy ýele sowurma, wagtyňy durmuşyňy zaýa etmek üçin bisarpa ulanma, çünki Allatagala isrip edýänleri – her bir zatda bisarpalyga ýol berýänleri halaýan däldir.

***

## HER BIR ZAT TAKDYRA WE ÝAZGYDA GÖRÄDIR

Ähli zat ýazgyda we takdyra laýyk hasyl bolýar – bu ähli musulmanyň, pygamberimiziň ýoluna eýerenleriň ynanç-ygtykaty. Durmuşda bolýan her bir zat Allanyň ylmy, islegi we owaldan kesgitleýşi ýaly ýüze çykýandyr.

Bu sözlere üns beriň! «Zemine we özüňize ýeten her bir musybet, size gelmezinden owal, ýazgyt kitabynda ýazylandyr. Elbetde, bu Alla üçin aňsatdyr».

«Elbetde, biz her bir närsäni anyk ölçeg-takdyr bilen ýaratdyk».

«Elbetde, sizi howp-hatar, açlyk, mal-u jan we miweleri kemeltmek ýaly närseler bilen synap görýäris».

Hadyslaryň birinde şeýle diýilýär: «Möminiň hal-ýagdaýy hemişe oňunadyr, barça zatlar onuň üçin diňe ýagşylykdyr. Hoşluga ýetse, muňa begense we şükür etse – bu onuň üçin gowulyk bolar. Kynçylyga uçrasa, muňa sabyr etse, bu hem oňa peýdalydyr. Beýle mümkinçilik diňe möminlerde bardyr».

«Sorasaň, diňe Alladan sora. Ýardam isleseň, diňe Alladan ýardam isle! Bilgin, eger Alla ýazmadyk bolsa, ähli adamzat jem bolup, saňa nähilidir bir peýda edip bilmezler. Eger Alla ýazmadyk bolsa, ähli adamzat jem bolup, saňa birjik-de zyýan edip bilmezler. Diňe Allanyň ýazany bolar. Galamlar göterildi, sahypalar gurady».

«Alnyňa gelen her bir zat ýalňyşyp ýa çawyp gelen däldir, ol hut seniň nesibäňdir. Nesibäňde ýok bolsa, ýalňyşyp ýa çawyp hem duş geläýmez» diýilýär.

Hadyslaryň birinde: «Eý, Abu Hüreýra, seniň duçar bolan zatlaryňy ýazan galam gurady, ony üýtgedip bolmaz» diýilýär.

«Özüňe peýdaly bolan zatlara höwesek ýapyş. Elmydama Alladan ýardam dile we ejiz galma. Hiç wagt: «Eger şeýden bolsam-a, şeýle bolardy» diýmegin, «Ähli zat Allanyň takdyry bilendir. Alla nämäni halasa, şol hem bolar» diýgin» diýilýär.

«Alla bendesine nämäni rowa görse, ählisi hem bendesiniň bähbidi üçindir».

Bir gezek şeýhulyslam Ibn Teýmiýeden: «Günäniň bende üçin peýdasy barmy?» diýip sorapdyrlar. Ol: «Elbetde, bar, ýöne bir şerti bilen, munuň üçin ökünç, ötünç we çetleşmek gerek. Eden ters işine ökünmeli, Alladan ötünç soramaly we gaýdyp ol işiň golaýyna barmazlygy ýüregine düwmeli» diýipdir.

Allatagala: «Nämedir bir zady birbada halamazlygyňyz mümkin, ýöne ol siz üçin haýyrlydyr. Nämedir bir zady halamagyňyz mümkin, ýöne ol siz üçin zyýanlydyr. Haýsy zadyň haýyrlydygyny ýa zyýanlydygyny diňe Alla bilýär, siz bilmersiňiz» diýdi.

«Hala, ýazgar, hala, hoş bol, bu bir takdyrdyr,
Ýöne ýazgyt üýtgewsiz hasyl bolýandyr».

***

## ŞATLYKLARA GARAŞ!

Ymam Tirmiziniň aýdan hadysyna görä, «Şatlyklara garaşyp gezmek – iň haýyrly ybadatdyr». Begeniň, alada-ünjüli we gaýgy-gamly adamlaryň arzuwlan daňy agaryp göründi. Ýagtylyp barýan güne seret we üstünlik beriji Biribardan geljek şowlulyga göz dik!

Araplaryň nakyly bar: «Ýüp dartylyberse, ahyry üzülýändir». Munuň manysy ýagdaýlar çylşyrymlaşyberse, hökman bir şatlyga we çykalga garaş diýildigi.

«Kim Alladan çekinse we diýenini etse, Allatagala onuň üçin her bir zatda çykalga berer». «Kim Allanyň diýenini etse, onuň günälerini bagyşlar we beýik sogap-sylag berer», «Kim Allanyň diýenini etse, onuň işini aňsat eder, oňa ýeňillik, rowaçlyk berer».

Arap şahyrlarynyň birinde şeýle setirler bar:

«Lapykeçlikden soň birnäçe şatlyklara ýetildi,
Kösençlikden soňra, gör, näçe begenje ýetildi.
Arşyň eýesi hakda ýagşy pikir edýänler,
Hatda tiken-samanlaryň içinden hem iň süýji miweleri ýolar».

Ygtybarly-sahyh hadyslaryň birinde: «Bendäm men hakda nähili pikir edýän bolsa, men oňa şonuň ýaly hem gararyn. Men hakda isledigiçe pikir etsin» diýilýär. Bu Ýaradanyň bize elmydama ýagşylyk edýändigini we diňe ýagşylyk edýändigini pikir etmegimiz üçin öwütdir, ýatlatmadyr.

«Her bir kynçylygyň ýanynda ýeňillik bardyr. Elbetde, her bir kynçylygyň ýanynda ýeňillik bardyr». Bu sözlere düşündiriş beren

käbir alymlar: «Hiç wagt bir kynçylyk iki ýeňillikden üstün gelip bilmez» diýdiler.

Sabryň ýanynda üstünlik bardyr. Derdiň ýanynda gutulyş.

Ýene bir şahyr şeýle diýýär:

«Boljak we bolmajak işleriň pikirini edip,
Kä gözler çirim eder, käbiri uklar.
Başardygyňdan gaýgy-alada etmejek bol, çünki
Gaýgy ýüküni göterip ýörmek dälilikdir.
Alla düýnki güni sag-aman ötüren bolsa,
Ertiriň hem aladasyny etmek üçin Özi ýeterlikdir».

Ýene biri şeýle diýýär:

«Garşy gitme, takdyr aty çapanda,
Seriň sap bolsun ünjüden, ýataňda.
Göz ýumup-açasy salymda Alla,
Ýagdaýlary düýbünden üýtgedip bilýär».

***

**Gamgyn bolma!** Gaýgy-gam, tukatlyk hazyna doly baýlygyň, beýik köşkleriň, ýaşyl bag-bossanlyklaryň hözirini görmäge mümkinçilik bermez, gaýta, ol derdiň üstüne urna bolar, kynçylyk bilen ökünç-ahmyryňy artdyrar, aladaňy köpelder.

**Gamgyn bolma!** Ýüregiňde hasrat mesgen tutan bolsa, gözleriň üstünde oňa orun beren bolsaň, el-aýagyňa ýazan bolsaň, endamyňa ýapynjaň şol bolsa, melhemlik öt-çöpler, lukmanlaryň dermany, tebipleriň emleri seni bagtly edip bilmez.

**Gamgyn bolma!** Alladan dileg-doga edip, Onuň bosagasyna ýüz tutup bilýäň, ähli zadyň eýesi bolan Allanyň dergähinde özüňi edepli alyp baryp bilýäň. Seniň ygtyýaryňda yhlasly edilen dileg-dogalaryň hökman hasyl bolýan pursady – gijäniň soňky üçden bir bölegi bar. Alnyňy seždä goýup bilýän sagadyň bar.

**Gamgyn bolma!** Allatagala bu Zemini we ondaky ähli zady seniň üçin ýaratdy! Gözel bag-bakjalary seniň üçin ösdürdi, ol baglar-

da her dürli salkym-salkym miweleri ýaratdy, datly miweleri bolan hurmalary ýetişdirdi, şugla saçýan ýyldyzlary, çasly akýan derýalary we bulaklary seniň üçin akdyrdy, sen bolsa gaýgy çekip ýörsüň!

**Gamgyn bolma!** Ýaramly dury suw içýäň, arassa howadan dem alýaň, aýak üstünde sag-salamat gezýäň, gijelerine asuda-rahat uka batýaň!

***

## TOBA SÖZÜNI KÖP GAÝTALA

«Perwerdigäriňiz Alladan ötünç soraň, elbetde, Ol örän geçirimlidir. Şonda ol asmandan üstüňize ýagyş-ýagmyr ýagdyrar. Size mal-dünýä, bala-çaga bilen medet berer. Size bagu-bossanlar eçiler we size akar derýalar berer» (Gurhan, 71-10,11,12).

«Alladan ötünç sora, şonda sen munuň miwesini tiz görersiň: şadyýanlyk we ruhy rahatlyk, halal rysgal we bol-telki baýlyk, ýagşy perzentler, bereketli ýagmyrlar gazanarsyň».

«Perwerdigäriňizden geçirimlilik soraň. Soňra Onuň Özüne toba ediň, şonda Ol sizi mälim mütdete (ömrüňiziň ahyryna) çenli gözel rysk bilen şadyýan eder we ýagşylyk edýän her bir adama merhemet eder» (Gurhan, 11-3).

Hadysda şeýle diýilýär: «Kim toba sözlerini köp aýtsa, Allatagala ony her hili gam-külpetden gutarar we her bir çykgynsyz ýagdaýda çykalga berer».

Buharynyň gürrüň beren hadysyndaky toba sözlerini (istigfary) gaýtalamak saňa wesýet bolsun: «Eý, Allahym, sen meniň Perwerdigärim, senden başga hudaý ýokdur. Meni ýaradan Sen we men seniň bendäňdirin. Başardygymdan saňa beren ähdi-wadamda duraryn. Eden işlerimiň şerinden goramagyň üçin senden pena soraýaryn. Maňa beren nygmatlaryň üçin Saňa gulluk ederin. Günälerim üçin toba edip, Senden ötünç soraryn. Meni geçir, Allahym, çünki günäleri senden başga bagyşlaýjy ýokdur».

***

## ÝAMANLYK EDENI BAGYŞLAMAGY BAŞAR

Özgelerden ar almak isleýän, öçli, kine-kitüwli adam munuň üçin nähili baha töleýändir öýdýäň: kalbyndan, etinden, siňirinden we damaryndan, beýnisinden we rahatlygyndan, bagtyndan we şatlygyndan bölüp alýar. Ar almak islese, olara gaharlansa ýa-da içinde kine saklasa, gürrüňsiz, ol uly ýitgä uçran adamdyr.

Allatagala bu dertden saplanmagyň ýoluny salgy berdi: «Gaharlaryny ýuwudýan we adamlaryň hatalaryny bagyşlaýan kişiler» (Gurhan, 3-134), «Birek-birege merhemetli bolup, ýagşylygy ündäp, bozgaklardan ýüz öwürýän adamlar» (Gurhan, 7-199). «Ýagşylyk bilen ýamanlyk barabar bolmaz. Siz her hili ýamanlyga iň gözel sözler, ýagşy hereketler bilen jogap gaýtaryň! Şonda siz bilen arasynda ýamanlyk bolan kimse öz-özünden ýürekdeş-wepaly dost bolup galar» (Gurhan, 41-34).

***

## SENDE KÖP NYGMAT BAR

Allanyň saňa bihasap we bolelin eçilen nygmatlary hakda oýlan, bu nygmatlara, ýagşylyklara şükür et. Sen boýdan-başa nygmat kölüne çümüp oturandygyňy unutma!

Allatagala «Allanyň nygmatlaryny sanap, soňuna çykyp bilmersiňiz», «Ol sizi aýdyň we gizlin nygmatlar bilen boýady», «Size berlen her bir nygmat Allanyň berenidir» diýdi. Allatagala bendesine beren nygmatyny ýatlap şeýle diýýär: «Oňa iki göz bermedikmi? Bir dil we iki dodak bermedikmi? Dogry ýola gönükdirmedikmi?» diýýär. Bir dil we iki – gulak, dodak hem Allanyň nygmatydyr.

Üznüksiz nygmatlar: ýaşaýyş-jan nygmaty, saglyk nygmaty, eşidiş (ukyby) nygmaty, görmek nygmaty, el we aýak, suw we howa, iýmit... iň uly nygmat bolsa Allanyň gönükdiren dogry ýoly – Yslamdyr. Adamlaryň biri şeýle diýdi: «Gözüňe derek milliard dollar, gulagyňa derek milliard dollar, aýagyňa derek milliard dollar, eliňe

derek milliard dollar, ýüregiňe derek milliard dollar hödürleseler çalşarmydyň? Sende, gör, näçe nygmat bar, emma bu zatlara şükür etmeýärsiň».

***

# DÜNÝÄ HASRAT ÇEKENIŇE DEGÝÄN DÄLDIR

Bagtyýarlygy berkidýän, ösdürýän we çuňlaşdyrýan zatlaryň biri – bolgusyz, biderek zatlara janyňy ýakmazlykdyr. Ruhubelent, göwni giň adamlar her bir gowulygyň belent derejesine mynasypdyrlar. Öten ata-babalarymyz dostlarynyň birine öwüt beripdir: «Diňe ýekeje zady alada et: Allatagala bilen didarlaşmak aladasy, ahyret aladasy, Perwerdigäriň öňünde duruş aladasy». «Ol gün eden işleriňiziň ählisi görkeziler we hiç bir zat ýaşyryn galmaz».

Dünýä gamlary ahyret gamyndan pesdir. Çünki dünýä gamy wezipe, altyn, kümüş, perzent, baýlyk, abraý-şöhrat, öý-howly, köşkden ybaratdyr – başga zat däldir.

Allatagala özüniň mynapyk duşmanlaryny suratlandyryp şeýle diýdi: «Olar diňe öz gaýgylaryny etdiler we Alla hakda bet gümanda (nähak pikirde) boldular». Olaryň gaýgysy nämedir öýdýäň: garynlary, haý-höwesleri, şehwetleri... olarda ýekeje-de beýik maksat ýokdur!

Pygamber alaýhyssalam daragtyň saýasynda äht-kasam edende, mynapyklaryň biri gyzyl düýesini gözläp, bu ýerden uzaklaşypdyr. Ol: «Gyzyl düýämi tapmak siziň ähdiňizden has haýyrly» diýipdir. Şol pursatda wahy inipdir: «Gyzyl düýäň eýesinden galanlaryň günäsi ötüldi».

Mynapyklaryň biri öz gaýgysyny edip, ýanynda duran ýoldaşlaryna: «Beýdip, epgekde yssylap durmalyň» diýipdir. Allatagala: «Dowzah ody mundanam has gyzgyndyr» diýdi (Gurhan, 9-81).

Ýene biri öz janyny gaýgy edip: «Maňa jeňden galmaga rugsat bergil, meni gozgalaňa salmagyl» (Gurhan, 9-49) diýdi. Allatagala munuň jogaby hökmünde «Eýsem, olar jeňden galmak islegi sebäpli, eýýäm gozgalaňyň içine düşdüler» diýdi (Gurhan, 9-49).

«Başga bir topar adamlar mal-mülküni, baýlygyny we öýlerini gaýgy edip: «Mal-mülkümize we maşgalamyza gümra bolupdyrys, bizi bagyşlaň» diýdiler» (Gurhan, 48-11). Bu gaýgylar bolgusyz-biderek, ähmiýetsiz we ýeňil-ýelpaý zatlaryň aladasydyr. Beýle pikir diňe ýeňles adamlaryň beýnisinde mesgen tutýar. Beýik adamlar bolsa elmydama Alladan fazly-merhemet we razylyk diläp gezýärler.

***

## GAMGYN BOLMA, ÜNJÜLERI TERK ET!

Aşa rahatlyga çümmek mömin üçin gapyllykdyr. Işsiz, boş oturmaklyk ölüm howpludyr. Işsizlik bikärlikdir. Gününi gaýgy-gam bilen geçirýänleriň, göwnüçökgünlige düşýänleriň köpüsi hem hiç bir zada meşgul bolmaýan, haýyr işe güýmenmeýän we wagtyny boş geçirýänlerdir. Wagtyňy boş geçirmek hoş geçirmek däldir. Netijeli we sogaply işi edip bilmeýän bu biçäreleriň, bikärleriň sermaýasy bolgusyz gep-gybatlardan we howaýy hem-de howsalaly myş-myşlardan başga zat däldir.

Gozgan we işle, hereket et! Bir peýdaly işiň başyna bar. Gerekli kitaplary oka. Sežde et, tesbih aýt. Bir zatlar ýaz. Dost-doganlaryňa zyýarata bar. Biperwaý oturma, wagtyňy peýdaly ötür. Hatda bir minutyňy hem boş we bimany geçirmejek bol. Işsiz oturan günleriňde ýakymsyz duýgular, howsalalar we waswasylar oslamaýan ýeriňden hüjüm edip, ýüregiňi eýelär. Kalbyň-süňňüň şeýtanyň oýun meýdançasy bolup galar.

***

## SOGABYNY ÝARADANDAN UMYT ET!

Kimdir birine eden ýagşylygyň üçin ondan minnetdarlyk tamakin bolma. Hudaýyň haky üçin halys ýürekden ýagşylyk et we Onuň berjek sogabyna bil bagla. Edilen ýagşylygyň gadyryny bilmeýän adam-

lara sataşsaň, munuň üçin janyňy ýakyp, gyýlyp-gynanyp gezmegin. Olar bu sahawatly eliň we özlerine edilen sylagyň gadyryny bilmezler, emma Alla onuň sogabyny bihasap eçiler.

Allatagala özüne ýakyn adamlary şeýle suratlandyrar: «Olar Alladan fazly-merhemet we razylyk diläp gezerler» (Gurhan, 59-8), «Munuň üçin sizden hak-heşdek soramaýarys» (Gurhan, 25-57), «Biz sizi diňe Allanyň haky üçin naharlaýarys, munuň üçin sizden sowgat-sylag we minnetdarlyk tama etmeýäris» (Gurhan, 6-9).

Şahyrlaryň birinde şeýle setirler bar:

«Haýyr iş edýän adam her wagt gadyr biljeklerden boş bolmaz,
Allanyň we adamlaryň arasynda bu däp dowam eder».

Minnetdarlyk ýa-da sowgat-sylag tamasy bilen däl-de, halys Allanyň haky üçin eliňizden gelen ýagşylygy ediň. Her bir haýryň sogabyny berýänem, nygmat eçilýänem, sylaýanam, sylaglaýanam Alladyr. Etmişlere görä temmi berýänem, her bir zady hasaplaýanam Alladyr. Eden amallaryňyzdan hoşal bolýanam, gaharlanýanam Alladyr. Ol Päk we Beýikdir.

Uzak ýerdäki söweşleriň birinde birnäçe adam şehit bolupdyr. Hezreti Omar olaryň kimdigini soranda, adamlar kibtini gysyp, olaryň köpüsini tanamaýandyklaryny aýdypdyrlar. Gözýaşy ýaňagyna syrygan hezreti Omar: «Olary hiç kim bilmese-de, Alla bilýändir» diýipdir.

Ýagşyzadalaryň biri gözi batyl adamy bahasy gymmat buzgaýmak bilen hezzetläpdir. «Bu bir batyl adam ahyry, näme hödür edeniňi bilip durmy, ýönekeýräk zat berseňem bolar?» diýip, maşgalasy dillenipdir. «Kim bilmese-de, Alla bilýändir» diýip, ol adam jogap beripdir.

Allatagala seniň eden her bir ýagşylygyňy, sogaply amalyňy, sahawatyňy, kömek-ýardamyňy görüp, bilip, eşidip dur. Ýeri mundan soň özlerine edilen ýagşylygy adamlaryň bilmegi seniň üçin hökmanam däldir.

***

## TEÝENE WE KEMSIDILME

«Olar size azar bermekden başga hiç hili zyýan edip bilmezler», «Olaryň hile-mekirliklerinden asla dargursak bolmagyn», «Olaryň ezýetine üns berme, her bir işiňde Hudaýa bil bagla. Hudaýa bil baglamak ýeterlik bolar», «Allatagala ony olaryň nähak töhmetlerinden, ýöňkemelerinden halas etdi».

Şahyrlaryň birinde şeýle setir bar:

«Bir çaganyň kesek oklany bilen,
Deňizleriň suwy bulanýan däldir».

Pygamberimiziň hadysynda «Sahabalarym hakda maňa ýaman habar aýtmaň, men siziň ýanyňyza päk kalbym bilen barasym gelýär» diýilýär.

## ELI ÝUKALYKDAN ZEÝRENMÄŇ, MUNDA HEM SALAMATLYK BARDYR

Aýşy-eşretlere, lezzetlere çümdügiçe ynsan ruhy gödekleşip, gatap başlaýar. Käteler eli ýukalygyň, pakyr-pukaralygyň hem özüne ýetik hikmeti bardyr. Dünýä mülküne nebsewürlik bilen topulmaýan adamyň jany sag, başy esendir. Allatagala beýle rahatlygy, dynçlygy öz halan bendelerine berýändir: «Bu Ýeriň we ondaky bar janly-jandaryň mirasdary bizdiris».

«Suw, çörek hem salkyn saýa – iň beýik nygmatdyr bular.
Mundan soň «Men garyp» diýsem,
Allanyň beren nygmatyna şükür etmedigim bolar».

Eýsem, dünýäde sowuk suwdan, ýyljak çörekden we salkyn saýadan ýakymly näme bar?

***

## ÝAKYMSYZ WAKA BOLAR ÖÝDÜP, HOWSALA DÜŞME!

Töwratda şeýle sözler ýazylgy eken: «Gorkulýan zatlaryň köpüsi asla hasyl bolmaýar». Munuň manysy adamlaryň geljekde bolar öýdüp

gorkýan birnäçe ýakymsyz wakalary diňe hopukdyryjy hyýal bolup galýar, asla hasyl bolmaýar diýildigi. Çünki aňda-hyýalda köwsarlaýan ýaramaz we gorkunç wehimlerimiz gözümiz bilen görýän hadysalarymyzdan birnäçe esse artykmaçdyr.

Bardy-geldi bir ýakymsyz wakanyň habaryny getirseler ýa-da bir bela-beter hakda eşitseň, tagapyl et, howlukma, oýlan, ölçer we gam çekme! Gözüň bilen görmeseň, gulagyň eşidýän her bir habaryna ynanyp ýörme. Çünki ýetirilýän habarlaryň, hadysalaryň, myş-myşlaryň düýbünde jinnek ýaly hakykat ýoklary hem az däl. Eger çyn bolaýanda hem, ýazgydy üýtgedip biljek adam barmy näme? Üýtgedip bolmajak zatlar üçin birahat bolma. «Men öz işimi Alla tabşyraryn. Elbetde, Alla bendelerini görüp durýandyr. Alla ony olaryň ýaman mekru-allaryndan saklar» diýiber.

***

## GÖRIPLERIŇ WE NADANLARYŇ TANKYDY

Olaryň göripligine we tankydyna sabyr etseň, sogap gazanarsyň. Galyberse-de, olaryň tankydy seniň gymmatyňy artdyrar. Bolgusyz, boş adamlara göriplik etmeýär.

Bir akyldar şeýle diýipdir: «Beýik adamlaryň her ýerde göribi bardyr. Diňe näkesleriň göribi ýokdur».

Ýene birinde şeýle sözler bar: «Adamlar ondaky ukyp-zehine, berlen nygmata göriplik ederler. Adamlar oňa göriplik etdigiçe, Allatagala oňa berýän şol nygmatyny ýene-de artdyrar».

Bir şahyryň goşgusynda: «Gepçileriň gürrüňinden zeýrenýärsiň, göribi bolmadyk abraýly adamy tapmarsyň. Mertebeli kowumyň nesilikäň, hökman göriplik ediler. Çünki diňe nalajedeýin, boş adamlaryň göribi ýokdur» diýilýär.

Bir gezek Musa pygamber Hudaýa arz edipdir: «Eý, Perwerdigärim, adamlar üstümden gülýär, ýaňsylaýar, olar dilini çeker ýaly etsene!» diýipdir. Allatagala: «Eý, Musa, bu soraýan zadyňy hatda men özüme-de rowa görmedim. Olary ýaradanam, olaryň gündelik rysgyny

berip duranam men, ýöne şonda-da ýene menden nägile bolup, menden zeýrenip, maňa gargynýarlar (Menden nägile bolup, menden zeýrenip, maňa gargynýarlar, emma olara berýän rysgymy kesmeýärin). Sen giň bol!» diýipdir.

Pygamberimiziň sahyh hadyslarynda şeýle diýilýär: «Allatagala aýtdy: Adam ogly maňa sögünýär, menden zeýrenýär. Ýogsam, beýtmäge onuň hiç hili haky hem ýok. Onuň maňa bir sögünji döwre, pelege sögünmesidir. Çünki pelek meniňkidir. Gijäni-gündizi çalşyryp duran Özümdirin» diýipdir.

Sen at-abraýyňy adamlaryň ýaman dillerinden saklap bilmersiň. Muňa garamazdan, sen ýagşy işleri edip bilýärsiň. Edýän her bir gowy işiň bilen olaryň teýeneli sözlerinden we esassyz tankytlaryndan gutulmagy başararsyň. Hatam Taýyň goşgusynda: «Men göriplerimiň sözüni eşitsem-de, olara ähmiýet beremok. Duşumdan geçirip goýberýän. Munuň üçin adamlar meni ýazgarýaram. Ýöne ol tankytlar meni ýadatmaýar we haýyr iş etmekden elimi sowaşdyrmaýar» diýilýär. Ýene bir şahyrda «Maňa sögünip duran bihaýanyň ýanyndan geçip gitdim. Maňa gerekmejek sözlere ähmiýet bermedim» diýilýär. Ýene biri şeýle diýýär: «Süpük adam sözläbersin, diýibersin. Oňa iň oňat jogap – dymmak we öz işiňi, ýoluňy dowam etmekdir».

Eger-de ýagşy gylykly adamlar olara ähmiýet bermän geçseler, bihepbe we görip adamlar özlerini lapykeç, kemsidilen ýaly görerler.

Günbatar şahyrlarynyň birinde şeýle sözler bar: «Sen dogry-dürs işleri ýerine ýetir. Soňra her bir bolgusyz tankyda biparh gara».

Şu babatda durmuşda synalyp görlen peýdaly tejribelerden käbirini ýatlaýyn: ýüregiňe ýara salýan sözlere-söhbede, şygra-gürrüňe jogap gaýtarma. Bu zatlara çydam etmek aýybyňy ýaşyrar. Ýumşak göwünlilik beýiklikdir. Dymmaklyk duşmanlaryňy dyza çökerer. Geçirimlilik sogap we mertebedir. Seniň şanyňa aýdylan tankydy okanlaryň ýarysy eýýäm ony unutdy. Galan ýarysy okan zatlarynyň näme sebäplidigine asla düşünmediler. Bu tankyt-teýenelere gaýtargy bermek bilen, adamlaryň unudyp başlan bu ýerliksiz meselesini özüň

gozgap, çuňlaşdyryp oturmagyň nämä geregi bar? Akyldarlaryň biri aýdypdyr: «Bir döwüm çöregiň aladasyny edip ýören adamlaryň sen we men bilen asla işleri hem, habarlary hem ýok. Olar teşneligini gandyrýan bir gultum suw içmegiň isleginde gezip ýörkäler, seniň, meniň dünýäden ötenimizi hem bilmän galarlar».

Arpa çöregi bar bolan asuda öý, dürli-dümen naz-nygmatlardan doly, ýöne galmagal-gopgun bilen gurşalan howludan haýyrlydyr.

***

## GAMGYN BOLMA!

**Gamgyn bolma!** Kesel aýrylar, hassa-sökel sagalar. Günäler ötüler. Bergi-borçlar ödeler. Bendi-ýesirler azatlyga çykar. Gaýyp adam gaýdyp geler. Günäkär tobasyna daýanar. Garyp gurplanar, özüni tutar.

**Gamgyn bolma!** Eýsem, sen gara we galyň bulutlaryň dagaýşyny, tüm garaňky gijäniň syrylyşyny, çapgynly ýeliň köşeşişini, gaý-tupanyň kiparlaýşyny görmediňmi? Diýmek, agyr günleriň arkasynda hoşluk, gönençlik we bagtyýar durmuş bardyr.

**Gamgyn bolma!** Salkyn saýa Günüň ýandyryp barýan çoguny öçürýändir. Dury suw günortanyň teşneligini sowadýandyr. Ýylyjak çörek açlyk ejirini aýyrýandyr. Ýatylmadyk gijeleriň ahyrynda süýji ukular bardyr. Saglygyň sapasy agyrynyň yzasyny unutdyrar. Saňa diňe birazajyk sabyr-çydam etmek we bir pursatjyk garaşmak gerek.

**Gamgyn bolma!** Gutulgysyz takdyryň, hökman bolaýmaly hadysalaryň öňünde tebipler akyly haýran, alymlar ejiz, hekimler biçäredir. Hile-çäreler täsir ederden asgyndyr.

***

## ÝARADANYŇ SAÝLAP-SEÇENINI KABUL ET!

Alla seni dik duruzsa, tur. Oturtsa, otur. Garyp-mätäç etse, sabyr et. Gurply, baý etse, şükür et. «Allany perwerdigär, Yslamy din, Muhammedi pygamber» hasap edenler bu zatlary unutmaly däldir. Bir şygyrda: «Özüň üçin her dürli işleri ediberme. Birnäçe çärelere ýüz

uranlar heläk bolup gidendir. Biziň hökümlerimize (ýagny Allanyň ýazan zadyna) razy bolgun. Çünki biz saňa seniň özüňden hem ýakyndyrys» diýilýär.

## ÝAGŞYLYK

Ýagşylyk bagta eltýän iň asuda we giň ýollaryň biridir. Ak ýürekden edilen ýagşylyklar, haýyr-yhsanlar adamy beýik mertebelere gowuşdyrýar. Ysraýyl kowumyndan bolan bir zenan teşnelikden ýaňa eňki agan ite öz köwşi bilen suw içirendigi üçin, günäsinden saplanyp, jennet nesibesini gazanypdyr. Ajy doýurýan, teşnäni gandyrýan, kynçylyga uçranlara kömek edýän, agyr ýagdaýa düşenleriň derdini egisýän adamlar şeýle bagta mynasypdyr.

***

«Artykmaç azygy bar adam owkady bolmadyklaryň halyndan habar alsyn. Artykmaç ulagy bar adam ulagy bolmadyklara kömek etsin» diýlip, pygamberimiziň hadysynda ündelýär. Eliňden gelýän ýagşylygy ak göwünlilik bilen etmekligiň sogaby has-da beýikdir. Haýyr-sahawat, ýürekden edilýän ýagşylyklar hakda Hatam Taýyň goşgularynda ajaýyp setirler bar. Ol hyzmatkär gyza ýüzlenip: «Ody uludan ýak, gije sowukdyr. Eger seniň ýakan oduňy görüp, öýümize bir myhman gelse, men seni azat ederin» diýse, öý bikesine ýüzlenip: «Azyk-owkat taýýarlasaň, ony iýer ýaly ýoldaş hem tapgyn. Men hiç wagt nahary ýeke iýjek däldirin» diýýär. Ol ýene bir ýerde: «Baýlyk gider, geler, artar, azalar. Haýra sarp edilen baýlykdan hoş söhbetler we ýagşy ýatlamalar galar. Ýogsam jan kekirdege gelip, nepes daralanda baýlygyň berip bilýän peýdasy ýokdur» diýip ýazýar.

Abdylla ibn Mübäregiň bir jöhit goňşusy bolupdyr. Ol çagalaryndan öňürti ýaňky jöhide nahar dadyrar eken. Çagalaryndan öňürti, ony geýindirer eken. Günleriň birinde bu ýerden howly edinmek isleýänleriň biri jöhidiň ýanyna gelip, jaýyny satmagy teklip edipdir. Jöhit: «Öýüm, howlym iki müň dinara durýar. Müň dinar onuň hakyky gymmaty. Müň dinar bolsa, gowy goňşymyň barlygy üçin» diýipdir.

Müşderi bu sözlere ör-gökden gelipdir: «Biz-ä jaýyň bahasynyň üstüne goňşy hakynyň urulýandygyny heniz eşidemzok» diýipdir. Emma jöhit pikirinden dänmejegini ýaňzydypdyr. Bu sözleri eşiden Abdylla ibn Mübärek jöhit goňşusyna ýagşy dilegler edipdir. Oňa öňküsindenem has gowy seredipdir.

Şuňa kybap rowaýatlaryň birinde şeýle diýilýär: Abdylla ibn Mübärek bir kerwene dakylyşyp, haja ugrapdyr. Ýolda ol zir-zibiliň arasyndan öli gargany alyp duran zenana gözi kaklyşypdyr. Baryp, onuň halyndan habar alypdyr. Haj niýeti bilen ýola çykan hem bolsa, ýanynda bolan ähli zadyny oňa beripdir. Özi bolsa yzyna dolanypdyr. Öýüne gelende ol düýş görüpdir. Düýşünde oňa «Hajyň mübärek. Yhlasyň ýerine düşen. Günäň ötülen!» diýipdirler. Garyp hem bolsalar, özlerine dözüp, özgelere ýardam edýän adamlar Allatagalanyň dergähinde huzurly bendelerdir.

Edebiýatçylaryň birinde: «Men dostumdan uzakda bolsam-da, aramyzda asman-zemin bar bolsa-da, oňa ýardam goluny uzadyp, kömek edýärin. Derdinden saplap, isleg-dilegini bitirýärin. Onuň haýyşyna gulak asýaryn. Egnine gelşikli lybas atsam-da, «Bu ýagşylygy men etdim» diýip, dilime almaýaryn» diýen sözler bar.

Ine, iň beýik häsiýet şu: ýagşylyk etmeli, ýöne diliňe almaly däl. Yzynda minnetli sözi bolan sadakanyň, ýagşylygyň, haýyr-yhsanyň ähli sogabynyň şol minnet zerarly köýýändigini bilýänsiňiz. Käbir pes adamlar bar, bir ýagşylyk etse, ömürboýy dillerine alyp ýörerler. Taňry söýmedik bendeler şu hili bolýar. Beýikler bolsa, ýagşylyk ederler. Sogabyny Hakdan islärler, ýöne hergiz minnet etmezler. Bular Allanyň ýalkan we iň gowy häsiýetleri bagyş eden ynsanlarydyr. Asylly adamlaryň hiç biri eden ýagşylygyna ökünmez, hatda artykmaç ýagşylyk edenem bolsa. Emma bir hata iş üçin ökünerler, hatda ol örän az hem bolsa. Şonuň üçinem şahyrlaryň birinde: «Üstünden aý-günler ötse-de ýagşylyk üýtgewsiz galýandyr. Ýamanlyk bolsa iň bir pis ys-kokly nejasatdan hem ýaramazdyr» diýilýär.

***

**Gamgyn bolma!** Allatagala seni goraýar, gaýta her kimiň eden hile-mekirligini gös-göni özüne serpikdirýär. Şamu-säher perişdeler ýagşy adamlaryň günäleriniň ötülmegini, ýazyklarynyň geçilmegini Ýaradandan dileýär. Her bir namazda, orazada dost-doganlaryň sen hakda ýagşy dilegler edýär. Pygamberimiziň şepagaty bar. Kurany-kerim saňa iň ajaýyp zatlary wada berýär. Bularyň ählisinden beýikde bolsa Allatagalanyň saňa bolan çäksiz mähir-muhabbeti bar.

**Gamgyn bolma!** Bir ýagşylyk on esseden ýedi ýüz essä çenli, hatda şondanam artyk sogap getirýändir. Bir ýamanlyk, eger Perwerdigär ony bagyşlamasa, bir ýamanlyk bolup ýazylýandyr, bagyşlasa, ol hem aýrylýandyr. Eýsem, sen şunuň ýaly ýalkawly we geçirimli, sahawatly we jomart başga biri hakda, heý eşidipmidiň.

**Gamgyn bolma!** Sen arassa ahlaklylyk tuguny eliňde göterip, özgelere we nesillere nusga bolmaly adamsyň. Hata iş etseň, ökünip, haýyr işe şatlanýan ynsansyň. Seniň huzuryňda haýyr iş etmäge şeýle bir köp mümkinçilik bar, emma sen bu zatlardan bihabar otyrsyň.

**Gamgyn bolma!** Gaýgyly ýa şadyýan, garyp ýa baý, agyr ýa ýeňil günüňde hem elmydama nähilidir bir haýryň arasyndasyň. «Möminiň hal-ýagdaýy hemişe oňunadyr: Hoş güne ýetse, şükür etse, bu onuň üçin haýyrlydyr. Kyn güne düşse, sabyr etse, bu hem onuň üçin haýyrlydyr» diýen sözler bar.

***

**Ýeňşiň, üstünligiň we bagtyýarlygyň ýene bir ýoly** – ýakymsyz wakalara çydam, kynçylyklara sabyr etmekdir.

Kurany-kerimde hem başyňa düşen zatlara sabyr-çydam etmeklik, sabyrly gullaryň arkasynda Allanyň ýardam-enaýatynyň bardygy, her bir işe sabyrly, ynamly we erjel ýapyşmak ündelýändigi, her sabryň ölçegine görä sylagyň boljakdygy nygtalýar. Hezreti Omar: «Sabyr etmek bilen sapaly durmuşa gowuşdyk» diýipdir. Ata-babalarymyz öňlerinde bir kynçylyk keserse ýa-da ýakymsyz bir waka ýüz berse, üç zady ýerine ýetiripdirler: sabyrlylyk, ýagşy dileg-doga

we şatlyklara, gutulyşa bolan umyt. Bularyň üçüsi hem iň pazylatly ybadatlaryň hatarynda durýar.

Sabyrlylyk, çydamlylyk, dözümlilik ähli halatda gerek. Hatda birinden öz adyňa aýdylan, ýakymsyz, ýöne ýerliksiz gep-gürrüňlere edilen sabryň sogaby hem beýikdir. «Bu babatda taňry bendesi öz Eýesinden nusga alsyn. Her ýerde Allanyň şanyna aýdylýan, ýöňkelýän zatlar ýok däl, emma Allatagala hem şol sözlere belli bir mütdete çenli sabyr edip gezýär» diýilýär. Ýa-da Musa pygamberiň özüne aýdylan ýaňsylamalara sabyr-çydam edişini ýadyňyza salyň. «Iň bolmanda, sabyrly bolmagy ýüregiňize düwseňiz, Allatagala size sabyr eder ýaly gaýrat berer» diýilýär.

Şahyrlaryň birinde şeýle setirler bar: «Abraý, şan-şöhrat üçin men hem il hatarynda yhlas etdim. Her kim yhlas atyna mündi, bilini berk guşady. Emma köpüsi basym bu kynçylyklardan ýadady, basyldy, asgyn geldi. Emma soňuna çenli sabyr edenler, baryp üstünligiň boýnundan guçdy. Sen üstünligi ýeňil ýuwdup bolýan igdedir öýtme. Sabryň ajylygyny sormadyklar ol mertebä ýetip bilmezler».

***

## RYSGY DARLYGY ALADA ETME

Her kimiň gündelik we geljek rysgyny ýetirip duran Allatagaladyr. Bendeleriniň ähli rysgyny berýänem Oldur. «Hatda asmanlarda hem siziň rysgyňyz we size wada edilen zatlar bardyr» diýlip, Kuranda aýdylýar. Her kesiň rysgyny berýän Allatagala bolsa, onda kimdir birine ýaramsalyk edinip, gün görmek, kimdir biriniň öňünde ýüzüň suwuny döküp, ýalbarmak, mertebäňi peseltmek nämä gerek? «Ýer ýüzündäki (ýerde ýörmelän) her bir janly-jandaryň rysgy Alladandyr» diýilýär. «Allatagala kime ýagşylyk etmek islese, nygmat eçilse, hiç kim onuň öňüni bekläp bilmez. Kimdir birine bermek islemese, hiç kim ony alyp bilmez» diýen söz ýadyňyzda bolsun. Bu zatlar adamlardan däl, Alladan çözülýändir.

***

# DERDI-BELANY ÝEŇLEDÝÄN SEBÄPLER

Başa düşen kynçylygy, bela-beteri, derdi-elemi, mümkingadar, ýeňil ýeňip geçmegiň birnäçe ýollary bar:

1. Her bir sogaby, sylagy Alladan umyt etmek. «Her kes öz eden sabryna görä bihasap mukdarda sylanar» diýen sözler Kuranda gelýär.

2. «Töweregimde dost-ýarlarynyň gününe aglaýan adamlary görmedik bolsam, men hem bu derdimden basylyp, has ejizlärdim» diýýän şahyra üns ber. Töweregiňe göz aýla: sagda-solda Taňrynyň haýsy hem bolsa bir synagyna uçramadyk kim bar? Adamlar diňe kösençlik bilen däl, baýlyk we hoşluk bilenem synalýandyr.

3. Oýlanyp görseň, mundanam agyr kösençlikler ýadyňa düşer. Beterinden saklasyn!

4. Bu kösençlikler ötegçi dünýäde galýandyr, diniňe, imanyňa nogsany degýän däldir.

5. Agyr günlere sabyr-çydam edip, derdi-belany çekmek kähalatda hoşluk bilen synalmakdan beýikdir.

6. Gutulgysyz takdyry dep etmek üçin hiç hili çäre ýok, muny diňe kysmata kaýyllyk, ýazgyda tabynlyk bilen ýeňip geçmeli. «Kähalatda erbetligi gowulyga öwürmegiň çäresi – ýazgydy öz ugruna goýup, munuň üçin hiç bir çäre gözlemezlikdir» diýen setirler bar.

7. Alnymyza gelen zadyň biz üçin haýyrlydygy ýa-da däldigi diňe Alla mälim: «Nämedir bir zady birbada halamazlygyňyz mümkin, ýöne ol siz üçin haýyrlydyr».

***

# ÜZŇELIKDÄKI HAÝYR

Üzňelik diýip, ýamanlykdan uzak durmagy göz öňünde tutýaryn. Ýaramaz adamlardan we amallardan, hatda diňe zerur halatda etmäge rugsat berlen zatlardan hem, mümkin boldugyça, çetde durulsa, has gowy. Bu ýagdaý kelläňi agyr we aladaly pikirlerden boşadyp, oňa rahatlyk berýän, gaýgy-gamlardan saplaýan sebäpleriň

biridir. Ibn Teýmiýe ybadat, zikir, okamak, özüňden hasabat soramak, dileg-doga etmek, ýamanlykdan, şer işden uzak durmak üçin hylwatyň, asudalygyň, üzňeligiň gerekdigini aýdýar. Belli alym Ibn Jewziniň «Saýd al-hatyr» atly üç tomluk eseriniň maňzy-maýasy şu sözlere gelip direýär: «Ýaramaz deň-duşlardan, ýaman adamlardan daş durmak üçin, abraýyňy we gymmatly wagtyňy gorap saklamak üçin, ömrüňi manyly ötürmek üçin, göriplerden, päli we dili bozuk adamlardan arkaýyn gezmek üçin, ahyret aladasy, Allanyň didary, tagatlaryň sogaby, özüňe peýdaly zatlaryň pikirini etmek, paýhas hazynalaryny ýüze çykarmak, kitaplardan gerekli maglumatyňy susup almak üçin tenhalykdan gowy zat görmedim. Bu tenhalyk janyň rahatlygy, mertebäniň beýikligi, hormatyň kämilligi üçin zerurdyr». Dogrudanam, pikirlenmek, oýlanmak üçin ýalňyzlyk, tenhalyk gerek, pikir alyşmak üçin bolsa köpçülik gerek.

Adam bir özi oturan wagty öz akylynyň miwelerini ýolýar. Pikirleriniň hasylyny ýygnaýar. Kalby aram tapýar. Janyna ýakmajak sözden gulagy dynç. Ýagşy zatlar hakda pikir öwürmek bilen, ýene-de sogap gazanýar. Gadagan edilen zatlardan saklanýar. Alan demi, öwren pikiri ybadata syrygýar. Geçirimli Taňryny ýatlaýar. Wagty bisarpa sowdurýan bimany güýmenjelerden we oýunlardan uzak durýar. Gep-gürrüňden, galmagaldan sag-salamat gezýär. Bahyllaryň hilegärliginden, göripleriň hilesinden, ýaman gözlüleriň alyndan, betpälleriň bulaşdyrmasyndan, her söze ötünç sorap ýörmeklikden, akmaklara sabyr etmeklikden gorap saklaýar.

Üzňelik – owrat ýerleriňi ýapmak diýmekdir. Özbaşyňa oturan wagtyň birnäçe aýybyňy, säwligiňi örtüp bilýäň: dilde büdremekden, hereketde öte geçmekden, zehiniň säwliginden, nebsiň paýhassyzlygyndan arkaýyn bolýarsyň.

Üzňelik ýagşy häsiýetleriň ýüzüne nikap, pazylat dürleriniň daşyna sadap, mertebe miweleriniň degresine güldür. Kitap bilen ikiçäk otursaň welin, oňa ýetesi näme bar – ömrüň uzaýşyny, dünýäň giňeýşini, hylwatyň şadyýanlygyny, ybadata sapary, pikirlere syýahaty taparsyň.

Üzňelikde adam many dürlerine ymtylýar, näzik jümleleri toplaýar, maksatlary hakda pikirlenýär, öz garaýşynyň pikir köşgüni gurýar, akyl heýkelini berkidýär (ornaşdyrýar).

Üzňelikde adamyň ruhy şadyýanlykda, kalby rahatlykda, akyly hatyrjemlikde we peýdaly maglumatlary toplamakda bolýar.

Üzňelikde seni ýalňyz Alladan başga hiç kim görenok. Seniň sözleriňi, dileg-dogalaryňy, ähli zady eşidýän we görýän Alladan başga hiç kim eşidenok.

Her bir parlak we peýdaly adamlar, zamananyň sütünleri bolan gudratly, gujurly, gaýratly ynsanlar, taryhşynaslar, fazylat eýeleri, döwrüň serçeşmeleri, toý-meýlisiň, söz-söhbediň ýyldyzlary – bularyň ählisi özleriniň mertebe nahallaryny üzňelik suwy bilen gandyrdylar we baldagyna, tirsegine galdyrdylar. Bularyň mertebe daragty ese-boýa galyp, Perwerdigäriň idin-eradasy bilen miwe hasyl berýändir.

Şahyr Aly Abdyleziz al-Jürjäni: «Eger maksadyňy dürli ýol bilen – özüňçe ýok bihepbelere haýyş etmek bilen hem hasyl etmek rast görülýän bolsady, öten-geçen akyldarlar ony ündärdiler. Emma olar abraýyňy döküp, mertebe gazanylmaýandygyny aýtdylar. Näkesler saňa suwly güzeri görkezip, iç-gan diýerler, emma erkin adamyň peslik suwundan ganmagynyň deregine, teşnelige çydam edeni ýegdir» diýip belleýär. «Öýümde kitap-depdere gyzygyp oturýançam, süýji durmuşyň datly tagamyny dadyp bilmändirin. Ynsan üçin ylymdan beýik mertebe ýokdur, iň ýagşy ýoldaş hem şoldur. Köpçülige gatylsaň welin, özüňi kemsitjek ýagdaýlara hem uçrarsyň. Olara üns berme-de, öz öýüňde han-soltan ýaly bolup rahat ýaşa» diýýär.

Şahyr Ahmet ibn Halyl al-Hanbeli köpçüligiň arasyna garym-gatym bolsaň, göwne ýakar-ýakmaz sözlerden ýaňa gulagyň kamata geljekdigini, özbaşyňa kitaba güýmenip otursaň welin, ol çylkasyz gülkülerden we suwjuk gürrüňlerden asuda gezjekdigiňi ýatlaýar.

«Bar gazanjak zadyň gep-gybat ýa-da galmagal boljak bolsa, onda, ol adamlaryň ýanynda bolmaklygyň nä hajaty bar? Ylym öwren-

mejek bolsaň ýa-da gün-güzeran üçin gazanç-haýyr etmejek bolsaň, onda olaryň ýanyna barmagyňy azalt» diýip, şahyr al-Humaýdynyň setirlerinde duşýar.

Aýtmaklaryna görä, üzňelik beýiklik isleýän üçin beýiklikdir.

***

## BELA-BETER ÜÇIN GAM ÇEKME!

Kynçylyk-kösençlikler, bela-beterler ýüregiňi güýçlendirýär, ýazyklaryňy ýuwýar, özüňe aşa göwnüýetijiligi syndyrýar, ulumsylygy syryp aýyrýar. Gapyllygy ýok edip, hüşgärligi oýarýar. Janly-jandaryň mährini çekip, salyh adamlaryň dileg-dogasyna rowa görýär. Ýaradana tabyn edýär. Bar zady höküm ediji we üstün geliji Taňra baglaýar.

Kynçylyk-kösençlikler wagtlaýyn birahatlykdyr, sogaby öňünden buşlaýan habarçydyr. Perwerdigäri ýatlamak üçin direlişdir. Sydky-köňülden sabyr we dileg-doga etmek üçin sebäpdir. Dünýä durmuşyna artykmaç bil baglamakdan, ötegçi lezzetlere hetdenaşa köňül bermekden, hiç bir peýdaly işe meşgul bolman oturmakdan saklaýan ýagdaýdyr. Kynçylyk-kösençligiň astynda Taňrynyň gizlin merhemeti, sylagy-ýalkawy bardyr. Heý-de, geçilen günälerden uly, ötülen hatalardan beýik sogaby gördüňizmi?

***

**Gamgyn bolma!** Gaýgy-gam ybadata sarp edýän güýç-kuwwatyňy egser we ejizleder, maksada yhlasly ýapyşmakdan bökdär, şowsuzlyklar bilen büdreder, her kes babatda betgüman eder we lapykeçlige salar.

**Gamgyn bolma!** Gaýgy-gam we üznüksiz birahatlyk ruhy keselleriň gönezligidir. Nerw-degna agyrylarynyň serçeşmesidir. Tapdan düşmegiň, waswasa uçramaklygyň we heran-haçan elewräp ýörmegiň esasy maddasydyr (iýmitlendiriji maddasydyr).

**Gamgyn bolma!** Seniň Kuranyň, zikriň, dogaň, namazyň, sadakaň, ýagşylyklaryň, netijeli we miweli amallaryň bar.

**Gamgyn bolma!** Peýdaly işe meşgul bolmazlyk we boş oturmaklyk bilen özüňi gaýgy-gamlara bendi-ýesir etme! Namaz oka we tesbih aýt. Oka we ýaz. Işle we kabul et. Zyýapata çagyr we zyýarata bar. Oýlan we pikir et. Bendelerine diňe ýagşylyk edýän Perwerdigär «Maňa doga ediň, kabul edeýin», «Yhlas bilen ybadat edip, Alladan dileg-doga ediň» diýip, Kurany-kerimde aýdandyr.

***

## BAGTYÝARLYK KADALARY (BAGTYŇ ESASY DÜZGÜNLERI)

1. Diňe şu günüňi manyly ötürmegiň aladasyny etmeseň (şu günüň bilen ýaşamasaň), zehiniň dagynyk, işleriň bulaşyk, gaýgy--gamyň artyk bolar. «Sag-aman ertire çykan bolsaň, agşamy alada etme. Sag-aman agşama ýeten bolsaň, ertiriň gamyny iýme» diýilýän sözleriň manysy hem şeýledir.

2. Bolup geçen ýakymsyz zatlary-geçmişi durky-düýrmegi bilen unut. Geçen güne, öten ýagdaýlara aýratyn ähmiýet bermek akmaklyk we dälilik hasap edilýär.

3. Geljegiň gaýgysyny etme. Ol heniz barlyk äleminde däl-de, gaýyp-ýokluk älemindäki zat. Gelýänçä, onuň pikirini edip, ünjä batyp oturma.

4. Gybatyň, tankytlaryň öňünde yranyp, çaýkanyp (sarsyp) durma, berk dur. Gybatyň (tankydyň) derejesi seniň gymmatyňa görädir.

5. Biribara bolan iman we salyh amallar abadan we bagtyýar durmuşyň baş sebäpleridir.

6. Ynjalyk, rahatlyk we asudalyk isleýärmiň, diňe gowy zatlaryň pikirini et, Biribaryň zikrini köpelt.

7. Taňry bendesi ähli zadyň ýazgyda-takdyra görä hasyl bolýandygyny unutmaly däldir.

8. Diňe ýagşylyk et, ýöne hiç kimden taňryýalkasyna garaşma.

9. Özüňi käte oňaýsyz ýagdaýlaryň içinde hem göz öňüne getirip gör, soň ýeňip geçmek ýeňil düşer.

10. Belki, bu bolýan zatlaryň ählisi seniň üçin diňe bähbitdir.

11. Ähli ýagdaýda hem haýyr bardyr.

12. Özüňe berlen nygmatlar (Biribaryň beren nygmatlary) hakda oýlan we şükür et.

13. Özüňde bar ençeme zat bilen şu wagtam köplerden beýikdesiň.

14. Göz ýumup açasy salymda şatlyk peýda bolup biler.

15. Durmuş synaglary arkaly dileg-dogalar halys ýürekden çykýar.

16. Kynçylyk-kösençlikler gözleriň melhemi, ýürekleriň kuwwatydyr.

17. Her bir kynçylygyň ýanynda hökman ýeňillik bardyr.

18. Bolgusyz zatlar üçin birahat bolma.

19. Taňrynyň merhemeti giň, geçirimi uludyr.

20. Gaharlanma, gaharlanma, gaharlanma.

21. Ýumşak çörek, süýji suw we goýry saýa – hakyky durmuş. Galan zatlar üçin ynjalykdan düşme.

22. Bu dünýäde we Asmanlarda hem siziň rysgyňyz bardyr, size ýeterlik rysk we ýagşylyklar wada edilendir.

23. Gorkulýan zatlaryň köpüsi hasyl bolmaýar.

24. Özüňden agyr dertlileriň gününe göz aýla we ybrat al.

25. Allatagala kimi halasa, ony müň dürli synap görer.

26. Gaýgy-gamlardan, tukatlykdan saplaýan dileg-dogalary üznüksiz oka.

27. Netijeli amala yhlas bilen ýapyş. Hiç wagt boş, bikär oturma.

28. Gep-gybatlara gulak gabartma we myş-myşlara ynanma.

29. Ar almaga bolan ymtylyşyň we kine-kitüwiň seniň özüňe bäsdeşiňden has agyr zelel berýändir.

30. Başa gelýän her bir dert-bela günälerden saplamak üçin sebäpdir.

***

# ALTY HÄSIÝET WE GAÝGYDAN SAPLANMAK

«Kynçylygyň soňundaky gönençlik» (Teňlikden soňky giňlik) atly eseriň awtory şeýle ýazýar: «Hekimleriň biri bir derde mübtela bolupdyr. Dost-ýarlary halyndan habar almak we teselli bermek üçin onuň ýanyna barypdyrlar. «Men alty häsiýet bilen özüme melhem taýýarladym. Şol melhem ähli derdimiň şypasy» diýipdir. «O nähili üýtgeşik melhem?» diýip, gelenler gyzyklanyp sorapdyrlar. «Birinjisi, Hudaýa bolan ynam. Ikinjisi, takdyr edilen zatlaryň hökman hasyl boljakdygyny bilýänligim. Üçünjisi, bir ýagdaýa mübtela bolanlaryň, synaga uçranlaryň peýdalanýan iň täsirli dermany bolan sabyr. Dördünjisi, bu ýagdaýda sabyr etmäýenimde, näme edip bilerin?! Gynanyp-gyýylmak bilen özüme agram salýaryn diýmesem, derdimi-hä egsip bilmerin. Bäşinjisi, sabyr-dözüm bilen geçirmesem, mundan beterine uçramagym ahmal (Mundan beteri hem bolup bilerdi). Altynjysy, göz ýumup açasy salymda şatlyk peýda bolup bilýändir (Her sagatda şatlyk bardyr)» diýip, jogap beripdir.

Kynçylyklar bilen ýüzbe-ýüz bolsaň, müşgilliklere uçrasaň, aşmasy agyr, ötmesi kyn böwetler peýda bolsa, gynanma, darykma we ruhdan düşme. Sabyr et we çyda! Sabyr zeýrençden haýyrlydyr. Çydamlylyk gowşaklykdan we yrgalykdan şerapatlydyr. Bu zatlara meýletin sabyr etmeýän, barybir mejbury döz gelmeli bolar. Şahyr Abulmuzaffar al-Abiwerdi şeýle diýýär: «Durmuş müň öwsüp, meni synap görýär. Men bolsa her halatdan beleň alýan, barha batlanýan we begenýän. Ol kynçylyklar bilen maňa özüniň kimligini bildirýär. Men hem sabyr bilen oňa özümiň nähilidigimi görkezýän». Agaç küme, saman çadyr, arpa çörek bilen abraýyňy dökmän, mertebäňi basgylatman, namysyňy kemsitmän ýaşamaklyk – agzala, gaýgy-gama eýlenen we gamaşyk-bulaşyk durmuşy bolan owadan saraýlardaky (köşklerdäki), ajaýyp baglardaky durmuşdan beýikdir we lezzetlidir.

Kynçylyk-mähnet edil kesel ýaly bir zatdyr, ýüze çykar, möwjär we ahyry hem hökman aýrylar. Bişişmedik agyryny wagtyndan öň

aýyrmaga howlukmak gaýta onuň üstüne urna bolar. Derdiň barha beterlemegi mümkin. Durmuş synaglary we kynçylyklar hem edil şonuň ýaly, olaryňam ahyry sowulmaly, aýrylmaly wagty bolýar. Allanyň synagyndaky bendelere sabyr etmek, şatlyklara garaşmak we dileg-doga etmek wajypdyr.

***

## KITAPDAN GOWY DOST ÝOK

Bagtly bolmagyň baş ýollarynyň biri kitaplara göz gezdirmek, ähmiýetli zatlary okamak we täze maglumatlar bilen akyly ösdürmek, kämilleşdirmekdir. Al-Jahyz gaýgy-aladadan saplanmak, ýürege teselli bermek, çykgynsyz ýagdaýdan çykalga tapmak üçin kitap okamagy maslahat berýär: «Kitap – ol iň gowy söhbetdeşdir, seni erbetlige yrmaýan dostdur, seni tukatlandyrmaýan ýoldaşdyr, saňa sabyrsyzlyk bilen garaşýan goňşudyr, ol ýalan söz bilen saňa ýaranjaňlyk etmeýän, aldawçylyga ýüz urmaýan, mekirlik etmeýän, saňa garşy hile gurmaýan we seniň malyňy eliňden almak islemeýän şärikdeş işdeşdir» diýip ýazýar.

Kitap okamagyň haýry-peýdasy örän köp. Okadygyňça, kitaba bolan höwesiň artar. Pikirleriň durlanar, zehiniň ýiteler, diliň ýazylar (açylar), sözleriň täsirli ýaňlanar, göwnüň göteriler, gursagyň (göwrümiň) giňär. Kitap okamak saňa halk hormatyny, hökümdarlaryň dostlugyny bagyş eder. Sen adamlaryň dilinden bir ömürde öwrenip bilmejek zatlaryňy kitapdan bir aýda öwrenip bilýärsiň. Sen muny hiç hili zyýan görmezden, artykmaç muşakgat çekmezden, öwretmek bilen gün görýän öwredijileriň (hakyna tutulan mugallymlaryň) gapysyny kakmazdan, arassa gylyk-häsiýet we asylly kök-soý (nesil-nebere) babatda deňiňçe ýoklar bilen köňül söhbedini etmezden, halamaýanlaryň bilen oturyp-turuşmazdan gazanyp bilýärsiň.

Kitap gündizlerine tabyn bolşy ýaly, gijelerine hem hyzmatyňdadyr. Öýde gulak asyşy ýaly, ýolda-saparda hem gol astyňdadyr. Kitapda uky keseli ýokdur, uzak gijeläp irkilmekden halasdyr. Ol her wagt

dadyňa ýetişýän Hydyr ata ýalydyr. Sen ondan üzülseňem, ol saňa berýän peýdasyny üzmez (bes etmez). Sen ondan çetleşseňem, ol saňa boýun bolmagyny dowam eder. Garşydaşyň döwi rüstem gelip, onuň ýeňiş ýeli öwsende hem, ol aňry tarapa geçip, seniň garşyňa çykmaz. Sen saý-sebäp bilen ýa-da ýürekden kitaba ýapyşsaň, ol seni özgeleriň maslahatyna mätäç etmez. Kitabyň ýardamçylygy ýeterlik bolar. Sen kitap bilen bolsaň, ýalňyzlyk duýmarsyň, ýaramaz söhbetdeşe mätäç bolmarsyň. Kitabyň saňa berýän peýdasyny-haýryny ýatlamasagam, iň bolmanda, seni gapynyň agzynda oturyp, öten-geçeni synlamakdan, nämährem kişilere artykmaç göz aýlamakdan, bimany gepleri eşitmekden, bihuda işlere meşgul bolmakdan, pes häsiýetli kimseleriň gybatyna goşulyp, olaryň gödek sözlerine, bozuk manylaryna, ýaramaz häsiýetlerine, ýazgarylmaga laýyk nadanlyklaryna gulak gabartmakdan saklaýandygy hem uly nygmat ahyry. Bu saňa, bir tarapdan, salamatlyk, beýleki tarapdan bolsa olja-baýlykdyr. Bir haýryň şahasyna aslyşyp, süňňüni sag saklaýan kökünden haýyr görmekdir. Onuň, iň bolmanda, bozuk hyýallardan, ýaltalyga, işýakmazlyga, bikärlige werziş bolmakdan, oýun-güýmenjelere endik etmekden saklaýandygy we ýoldaşyna haýyr-nygmat, abraý hem-de hoşallyk getirýändigi üçin hem, ol dost hasaplanmaga örän laýykdyr.

Dem-dynç alýan adamlar gündizlerini, bilesigeliji kimseler gijelerini kitap okap geçirýärler. Durmuş tejribelerini artdyrmak, akyly we adamkärçiligi ösdürmek, abraý-mertebäni saklamak, ýörejek ýoluny saýlamak, baýlyk goruny artdyrmak, hünär eýesi bolmak we bir haýyrly işe başlamak, döwletli tutumy ugrukdyrmak üçin kitapdan peýdaly närse ýokdur.

Tanymal şahslaryň kitap hakda aýdan sözleri muňa delildir. Al-Mühelleb çagalaryna öwüt-ündew edende: «Perzentlerim, bazara barsaňyz, ilki bilen sowutçy ussalaryň we kagyzçylaryň (kitapçylaryň) dükanyna aýlanyň» diýer eken. Dostlarymyň biri maňa Şeýh Şamynyň kitabyny okandygyny we ol ýerde bir jümlä aýratyn üns berendigini aýtdy: «Adamlardan hümmet aýrylsa-da, kitaplardan gymmat aýrylmaz». Hasan al-Lulunyň ýazgylaryna görä, ol: «Kyrk ýylyň içi-

dir, haçanda bir wagt ýatan, gyşaran ýa-da irkilen bolsam, gursagymyň üstünde hökman kitap bardyr» diýipdir. Ibn al-Jehm bolsa kitap hakda şeýle ýatlaýar: «Biwagt (ýatar wagty bolmadyk pursatlarda) uky basmarlasa (gereginden artyk uklamak bolsa örän ýaman iş), hikmet kitaplaryndan birini elime alyp okap başlaýaryn. Şol wagt özümde täze zatlary öwrenmeklige bolan höwes oýanýar. Dür gözleýän guwwas ýaly, barha kitabyň içine çümýärin. Maksadyna ýeten adamyňky ýaly joşguna gaplanýaryn. Ýüregim rahatlyk bilen gurşalýar. Täze zatlary öwrenmäge bolan höwes iň oýaryjy zatdyr. Hatda eşekleriň aňňyrmasy ýa-da beýleki zatlaryň zoňtar sesi hem ukudan şonça oýarýan däldir». Ol ýene şeýle ýazýar: «Bir kitaby halasam, gowy görsem, ondan kän zatlary öwrenip biljekdigime gözüm ýetse, dessine okap başlaýaryn we wagtal-wagtal näçe sahypanyň galandygyny göz çaky bilen ölçerýärin. Sebäbi gowy zadyň tiz soňlanmagyny islämok. Eger-de uly göwrümli, köp sahypaly, gyzykly, peýdaly bir kitaby tapaýsam-a, onda meniň bagtyýarlygymyň we begenjimiň çägi bolanok». Meşhur alymlaryň biri Al-Utby öňki akyldarlaryň käbir eserlerini ýatlap, «Eger şu kitap örän uly we galyň bolmadyk bolsa, öz elim bilen göçürmäge ýaltanmazdym» diýip belleýär. Iň beýik, şerapatly we hormatly kitap bolsa «möminler üçin bir ýatlatma bolsun diýip inderilen kitapdyr».

Kitap okamagyň berýän birnäçe peýdalary:

1. Kitap okamaklyk ýürege ornaýan was-wasy, gaýgy-gamy, tukatlygy aýyrýar.

2. Her bir işde nähaklyk etmekden saklaýar.

3. Bikär, işýakmaz adamlardan çetde bolýarsyň.

4. Sakynyp-säginmekden saklap, sözleriňe çeperlik we şirinlik çaýýar.

5. Akylyň ösýär, zehiniň joşýar, pikiriň durlanýar.

6. Bilime baý bolup, ýatkeşligiň we düşünjäň ýitileşýär.

7. Ynsanlaryň tejribelerini, hekimleriň hikmetlerini, alymlaryň ylymlaryny özleşdirýärsiň.

8. Ylym almagyň we durmuşa düşünmegiň ýollaryny tapýarsyň.

9. Imanyň zyýada bolýar, hususan-da, öz ynanç-ygtykadyňa laýyk gelýän, dogry-düz ýola degişli kitaplary okamak peýdalydyr. Çünki kitap iň beýik nesihatçy, haýry ündeýji (ündewçi) we ýamanlykdan gaýtaryjydyr.

10. Akyly perişanlykdan, kalby birahatlykdan, wagty bimany geçirmekden (zaýalamakdan) saklaýar.

11. Sözüň manysyna çuňňur düşünmäge, öwrenilen zatlary pugta ýatda saklamaga, aýdylýan zadyň maksadyny aňmaga we pynhan hikmetleriň syryny bilmäge kömek edýär.

Janyň iýmiti iýmek we içmekde däl-de täze zatlary öwrenmekde we manylara düşünmekdedir.

***

## ÝENE-DE SABYR HAKDA

Sabyr-takatlylyk durmuşyň ähli ýagdaýynda gerek. Omar ibn Hattap: «Biz sapaly durmuşa sabyr bilen ýetdik. Eger sabyr adam sypatynda göze görünse, ol iň mertebeli adamlardan biri bolardy» diýipdir. Aly ibn Abu Talyp: «Sabyr imandandyr. Başyň göwre üçin nähili ähmiýeti bar bolsa, sabryň imandaky ähmiýeti hem şonuň ýalydyr. Baş bolmasa, göwre bolmaz. Sabyr bolmasa, iman bolmaz», «Sabyr büdremeýän bedew atdyr» diýipdir. «Sabyr ýagşylyk hazynalaryndan biridir. Allatagala ony özüniň gowy gören bendelerine berer» diýilýär. Omar ibn Abdyleziz: «Allatagala bendesine bir nygmat berse, soňra ony alyp, deregine sabyr nygmatyny berse, bu nygmat öňküsinden has ýagşyrakdyr» diýýär. Meýmun bin Mihran bolsa: «Sabyr bolmasa, kämil bagtdan hiç zat gazanyp bolmaz» diýip belleýär. Süleýman ibn al-Kasym: «Barça amalyň sogaby mälimdir, sabryň sogaby bolsa bihasapdyr» diýýär. «Hiç hili şek-şübhe ýok, sabyr-takat edýänlere sylaglary hasap-kitapsyz kemsiz – doly berler» diýip, Kurany-kerimde ýatlanylýar.

***

# DURMUŞ MEÝDANYNDA TOPLANAN TEJRIBELER HAKDA AÝDYLAN SÖZLER

Robert Luis Stiwenson: «Her bir ynsan bir günüň dowamynda näçe kynçylyk çekse-de, öz wezipesini ýerine ýetirmäge ukyplydyr. Her bir ynsan daň atandan gün batynça özüni bagtly duýar ýaly bir pursady tapmaga we ýaşamaga ukyplydyr. Ine, bagtyýarlygyň bar manysy şudur» diýip ýazýar. Öten-geçenleriň birinde şeýle söze duş geldim: «Durmuşyňda diňe şu gün bar. Düýn eýýäm geçip gitdi, ertir bolsa heniz gelenok». Stifen Likok şeýle ýazýar: «Çagajyk «derrew ulalsam, oglan bolsam» diýýär. Oglanjyk «derrew ulalsam, ýigit çyksam» diýip, göwün ýüwürdýär. Ýigit çykanda «derrew öýlensem» diýip, arzuwlara berilýär. Ýöne öýlenmekden soň näme? Bu basgançaklary geçmekden soň nämäni göz öňünde tutýarsyň? Bu pikirler tä «pensiýa çykýançam ony ederin, muny ederin» diýen üznüksizlik bilen birmeňzeş gaýtalanýar. Garrylyk gyşynyň sowuk ýeli öwsüberende bolsa, geçen ömür ýoluna ser salyp görýär we bu ömründe bir minut hem ýaşamandygyna göz ýetirýär. Diňe wagt geçip gidenden soň biz ömrümiziň şol minutlardan we diňe şu günümizden ybaratdygyny bilip galýarys». Adamlaryň aglabasy häzirki wagtda, edil şu minutda ýerine ýetirip biljek işini hem soňa goýýarlar. Günä işleri edip, «soň tobama daýanaryn» diýýänlerem şular ýaly. Akyldarlaryň biri: «soň...» diýen sözden seresap boluň. Bu sözi ulanmaga endik etmäň. Bu söz örän köp ýagşy işi bitmekden saklar, birnäçe oňyn işleriň hem öňüni bökdär» diýipdir. Allatagala hem Kuranda «Goý, olar iýip-içip hezil etsinler, arzuw-höwesleri bilen meşgul bolubersinler. Tiz wagtda bu etmişleriniň soňunyň näme boljagyny bilerler» diýip ýatladýar. Fransuz pelsepeçisi Monten: «Meniň durmuşym maňa rehim etmedik şumluklardan doludy» diýip ýazýar. Emma şeýle zeýrenç gatyşykly gürlemek dürs däldir. Aslynda bular zehine we ylma eýe bolsalaram, özleriniň näme üçin ýaradylandygy hakda pikir etmändirler. Allanyň Resulallanyň üsti bilen ýollan dogry ýoluna düşünmändirler. Her bir zadyň özüne ýetik hikmeti bar. «Alla kime nury-iman bermese, onuň üçin hiç hili nur bolmaz». Dante bolsa: «Hut şu günüň ikinji

gezek gaýtalanmajakdygy hakda oýlan» diýipdir. Pygamberimiziň: «Her gezek namaz okanyňyzda iň soňky gezek okaýan ýaly yhlasly boluň» diýen sözleri ondanam ýaraşykly ýaňlanýar. Ýaşalýan ömrüň her ýaşalýan bir günden ybaratdygyny oýlaýan ynsan ýürekden toba edip, her işine yhlas siňdirer. Allanyň tagatyna berlip, Resulallanyň ýoluna eýerer.

«Kalidasa» atly meşhur hindi drama eserinde agaryp atýan daň şeýle garşylanýar:

«Al daňlara salam bolsun,
Seret bu ajaýyp güne.
Bu gün – bu durmuşdyr. Durmuşyň hut özüdir.
Bir günüň dowamynda dürli ajaýyplyklary görersiň:
Galkynyş nygmaty,
Şöhratly amal,
Parlak üstünlik.
Düýn diňe ýatlama öwrüldi,
Ertirem diňe hyýalda bar.
Sen şu güni şadyýan ýaşasaň,
Düýni hasyl bolan süýji arzuwlara öwrersiň,
Ertiri hasyl boljak umytlara öwrersiň.
Sen şu güne üns ber, oňat synla,
Eý, agaryp gelýän daň, saňa salam!»

***

## ÖZÜŇDEN SORAP GÖR!

Gaýdyp dolanmajak geçmişiň we heniz gelmedik geljegiň demir gapylaryny ýap-da, şu günüň, şu pursadyň minutlary bilen ýaşa. Sen özüňden sora:

1. Geljek hakdaky aladalara berlip ýa-da gözýetimiň aňyrsyndaky bossanlyklara höwes edip, men şu günki bagtly durmuşymdan ýüz öwürmelimi?

2. Bir wagt bolup geçen ýakymsyz wakalary ýatlap, men şu günki abadan durmuşymy ajadyp goýmalymy?

3. Ir ertir oýanyp, alnymdaky ýigrimi dört sagady öndümli peýdalanmaga mümkinçiligim barka, men başga zady niýet etmelimi?

4. Men şu günümiň minutlaryny ýaşap bilmesem, geljekki durmuşymdan peýdalanyp bilerinmi?

5. Men şu günüm bilen haçan ýaşap başlaryn? Indiki hepdemi...? Ertirmi...? Ýa-da şu gün üçin şu gün başlamalydyryn?

Özüňden «Iň ýaman iş, iň ýaman ýagdaý näme?» diýip sora. Soňra şolara döz geler ýaly gaýrat bilen özüňi tapla. Asuda, arkaýyn bolup, işe başla we hiç zatdan çekinme. Allatagalanyň aýdan sözi ýadyňda bolsun: «Adamlar jem bolup, siziň garşyňyza aýaga galdylar, olardan gorkuň!» diýenlerinde, gaýta, olaryň ynamy-imany artyp: «Bize bir Allanyň berýän goldawy ýeterlikdir we her bir ýagdaýda ol iň gözel wekildir» diýerler».

***

Sen rysgaly ýa-da her bir agyr ýagdaýdan çykalgany alada edýärmiň? Onda diňle: «Kim Taňrynyň buýrugyny yhlas bilen ýerine ýetirse, Ol oňa ähli gam-külpetlerden çykalga (çykmak ýoluny) berer we oňa öz oslamadyk tarapyndan rysk ýetirer. Kim Allaha töwekgel etse, Allanyň özi oňa ýeterlikdir. Elbetde, Alla öz islän işine ýetýändir (Onuň islegine garşy durjak hiç kim ýokdur). Hakykatdan, Alla ähli närse üçin mukdar-ölçeg edip goýandyr», ýagny durmuşda ýüze çykýan her bir ýagşy-ýaman waka-hadysa ýalňyz Allanyň islän-belgilän wagtynda we ölçeg-mukdarynda ýüze çykýar.

«Allatagala kynçylyk-garyplykdan soň, ýeňillik-baýlyk berer», «Bilgin, sabyr bilen üstünlik, gaýgy bilen şatlyk gelýändir. Her bir kynçylygyň ýanynda ýeňillik hem bardyr». «Bendäm men hakda nähili güman etse, men bendäme şol pikirine görä gararyn. Bendäm men hakda isledigiçe pikir, güman etsin». «Allanyň berýäni size ýeterlik bolar we ol her bir zady eşidip, bilip durandyr», «Ölmez-ýitmez Dirä-Ýaradana töwekgel et». «Ony Allatagaladan başga açjak ýokdur».

***

## GAÝGY GÜÝÇ-KUWWATYŇY PARÇALAP, SÜŇŇÜŇI WEÝRAN EDÝÄR

Lukmançylyk ylymlary boýunça Nobel baýragynyň eýesi Aleksis Karl: «Ynjalyksyz, başagaýlyk bilen gün geçirýän işewür adamlar ir ýaşlarynda dünýäden ötýärler» diýip ýazýar. Elbetde, ähli zat takdyr-ýazgyt boýunça amala aşýar, emma adam özüni birahatlyga eýeletmezlik üçin, özünden bitýän ädimleri hem ätmelidir. Süňňi lagşadyp (tozduryp), barlygyňy ýumurýan sebäpleriň biri – ynjalyksyzlyk, birahatlyk. Bu hak aýdylan söz. «Gaýgy-gam bejerip bolmajak ýaralary hem döredýär» diýilýär. Doktor Jozef F.Montagýo: «Gaharjaňlygyň müşgillikleri» atly eserinde: «Saňa iýýän tagamlaryň sebäpli ýara düşenok-da, seni iýýän närseler (pikirler) zerarly ýara düşýär» diýip belleýär. Al-Mütenebbide bolsa: «Gaýgy-pikir süňňüňi gemirýär we gara saçy çalardyp, ýaşkaň goja öwürýär» diýen setirler bar. «Life» žurnalynyň ýazmagyna görä, gaýgy-birahatlyk on sany ölüm howply agyr dertleriň biri hökmünde görülýär. Ýakynda maňa Edward Podolskiniň «Birahatlygy goý we ajaýyplyga tarap ýönel» atly kitabynyň terjimesini getirip berdiler. Men ol ýerdäki sözbaşylaryň diňe adyny bersemem, mazmunyny kesgitläp bilersiň:

– Birahatlygyň ýürege täsiri
– Birahatlygyň ýokary gan basyşyna täsiri
– Birahatlygyň guragyra (rewmatizme) täsiri
– Birahatlyk we iç-aşgazan keselleri
– Birahatlygyň sowuklama täsiri
– Birahatlyk we galkan şekilli mäz
– Birahatlyk we süýji kesel

Psihologiýa ugrundan ýöriteleşen ussat alym lukmanlaryň biri Doktor Karl Maninger «Özüne garşy ynsan» atly kitabynda şeýle ýazýar: «Doktor Maninger size birahatlykdan nädip uzaklaşmagyň ýollaryny salgy bermez, ýöne ol birahatlyk, gaharjaňlyk, bet päl-niýetler, kine-kitüw, ýigrenç, öçlülik, gorky ýaly duýgular bilen süňňümizi we akylymyzy weýran edişimiz hakda örän täsin haky-

katlary açyp berer». Birahatlykdan, üznüksiz ynjalykdan, tükeniksiz dartgynlylykdan saklanmagyň we saplanmagyň iň ygtybarly ýoly, Ýaradanyň ündän zatlaryna eýermekdir: Adamlary bagyşlap bilmek, ruhy rahatlyk, asuda pikirlilik, giň göwünlilik, hatyrjemlik...

Fransiýanyň Bordo şäheriniň häkimi filosof Montin: «Siziň müşgil meseleleriňizi bagrym we öýkenim bilen däl-de, elim bilen çözesim gelýär» diýipdir. Eýsem, gaýgy-gam, gaharjaňlyk, depressiýa nämä täsir edýär? Kornil uniwersitetiniň lukmançylyk ylmy-barlag institutynyň professory doktor Rasil Seýsel bogunagyrynyň ýüze çykmagyna itergi berýän dört sebäbi ýatlap geçýär. Olar:

1. Maşgala-öý durmuşyndaky agzalalyklar
2. Maddy ýitgiler we gaýgy-gamlar
3. Özüňi ýeke-ýalňyz duýmak we birahatlyk
4. Kine-kitüw, ýigrenç we ar almaga bolan ymtylyş.

Doktor Uilýam Mark Goingil Amerikanyň stomatologlar birleşiginde eden çykyşynda: «Birahatlyk, ynjalyksyzlyk... ýaly ýaramaz duýgular süňňümizdäki kalsiniň pytramagyna sebäp bolýar, netijede hem dişleriň zaýalanmagyna getirýär» diýipdir. Şonuň üçin mümkin boldugyndan asuda, arkaýyn, rahat ýaşa. Deýl Karnegi «Ýurduň günortasynda ýaşaýan garatenliler (negrler) we hytaýlylar birahatlykdan döreýän ýürek agyry kesellerine seýrek ýolugýarlar. Sebäbi olar her bir ýagdaýda özlerini asuda, parahat alyp barýarlar» diýip belleýär. Onsoňam «Göwnüçökgünlikden ejir çekip, özüne el göterýän amerikalylaryň sany bäş sany agyr dertden ýogalýanlaryň sanyndan has artykdyr» diýip maglumat berýär. Hawa, bu ynanyp bolmajak aýylganç hakykat.

***

## ÝARADAN HAKDA ÝAGŞY PIKIR ET!

«Allatagala biziň ýalňyşlyklarymyzy bagyşlar, emma biziň nerw ulgamymyz muny hiç wagt başaranok» diýip, Uilýam Jeýms ýazýar. «Allanyň merhemetinden we sahawatyndan umyt edýän bende üçin

pursat gapylary giňden açylar, ol tagat-ybadatlara yhlasly, ýagşy işleri bitirmäge höwesli ýapyşar» diýlip, Ibn al-Weziriň «Al-awasim wel-kawasim» atly kitabynda getirilýär. Allatagala hakda elmydama ýagşy pikirde bolmak, onuň ýagşylygy, geçirimliligi, bagyşlamagy, eçilýän nygmatlary, edýän kömekleri hakda oýlanmak has-da işiň ugrukmagyna, Haka ýakyn bolmagyňa, zähmete yhlasly ýapyşmagyňa, el uran zadyň bereketli bolmagyna ýol açar. Bu, hakykatdan hem, hut şeýle. Ýaradanyň saňa elmydama gowy garaýandygyna öz durmuşyňdan kän mysal taparsyň. Pikirleriň dagynyk bolup, hyýallaryň ýolundan azaşyp başlasa, özüňe bolan ynam kertilen ýüp ýaly inçelip ugrasa, ýatla, sen Ýaradanyň nazaryndan sowa dälsiň. Tomas Edisonyň ýazmagyna görä «Alada-ünjülerden, pikirlerden saplanmagyň (gaçyp gutulmagyň) ýeke-täk ýoly Taňryny ýatlamakdyr». Özüňe gowy garaýany ýatlamak, gowy zatlary ýatlamak ýene-de ynamlylygy oýarýar. Durmuş wakalarynda, toplanan tejribelerde hem muňa anyk göz ýetirip bolýar. Ynsan okaýan, ýazýan wagtlary hem kellesinde müň pikir köwsarlaýar. Emma ýaramaz pikirleriň daşyna agyl aýlap, diňe gowy pikirlere, umytlara, ynamlara berilmek üçin dessine gowy zatlary göz öňüne getirmeli, peýdaly işe meşgul bolmaly. Diňe işýakmaz, bikär adamlaryň kellesinde göçgünli ham-hyýal, gep-gybat we myş-myşdan başga zat orun almaýar.

***

## MASLAHATA DOGRY DÜŞÜN!

«Şahsy bähbitlerimize laýyk gelýän her bir zat dogry ýaly görünýär. Maňzymyza batmaýan islendik zat bolsa, derrew gaharymyzy getirýär» diýip, Andre Morua ýazýar. Nesihatlar, öwüt--ündewler, maslahatlar, tankytlar hem edil şunuň ýaly, aglaba halatda, ýalanam bolsa, özümizi öwseler, gulaga hoş ýakýar. Öwseler, gowy görýäris. Ýerlikli hem bolsa, adymyza aýdylýan tankytlary welin, teý islämizok. Ony özümizden aýyp gözlemek, ýalňyş düşünmek diýip kabul edýäris. Aslynda welin, bu biziň öz aýybymyz we hatamyz.

«Dawalaryny adyl ýol bilen çözmek üçin Allanyň kitabyna hem-de Pygamberiň sözlerine salgylanmaga çagyrylsa, olaryň bir topary mundan boýun towlar. Emma özleriniň haklydygyny bilseler welin, Pygamberiň ýanyna tabyn bolup, haýdap-haýdap gelerler».

«Haýsy hem bolsa bir işi şol günde bitirmegi ymykly ýüregiňe düwen bolsaň, şoňa päsgel berip biljek beýleki pikirlerden baş-bitin halas bolarsyň» diýip, Uilýam Jeýms ýazýar. Bu nämäni aňladýar? Edil şol wagtda hasyl edip boljak bir sagdyn karara gelen bolsaň, desbi-dähel şony bitirmäge giriş. Ýüze çykjak müşgillikler hakda pikirlenip, ikirjiňlenmelere we birahatlyklara özüňi eýeletme. Asylly maksadyňdan bir ädim hem yza dönme. Ýola düşeňsoň, şübhelenme, çünki, ýekeje şübhe ýüzlerçe iňkisi yzyna tirkäp geler. Onsoňam, öňe gitjekmi, öňe ýöre, yzyňa gaňrylyp, düýne nazar saljak bolma. Öňüňde anyk we aýdyň bir maksat goýsaň, ony amala aşyrmak çen-çakyňdan aňsat bolar. Birbada birnäçe dürli pikiri kelläňde göterip ýörseň, ol-a bitirmek eken, ilki haýsy birinden başlajagyňy bilmänem, köp kösenersiň. Arap şahyrlarynyň biri: «Müň dürli maksatly adam ömrüni aljyraňňylykda geçirer, ol ne ýanyp biler, ne-de sönüp» diýýär. Beýleki bir şahyrda bolsa: «Bir pikiriň bar bolsa, kararyň hem bir bolsun, köp pikire berlip, ikirjiňlenmek, maksadyň apatydyr» diýilýär. Bir karara gelmekde töwekgellige bil baglamak, çekinmän, ýaýdanman kabul etmek seni geljekdäki birahatlykdan we ikirjiňlenmeden halas eder.

***

## IKIRJIŇLENIP DURMA, IŞE GIRIŞ, YHLAS ET, BIKÄRLIKDEN DAŞ DUR

Garward uniwersitetiniň lukman-professory Riçard Kapot «Ynsan nädip ýaşaýar?» atly kitabynda «Lukman hökmünde şübhelenme, ikirjiňlenme, gorky zerarly emele gelen sandyrama keselinden ejir çekýänlere zähmet bilen meşgullanmagy maslahat berýärin. Zähmetiň döredýän mertligi özümize bolan ynamy berkidýär. Hut şu irginsiz

zähmet çekmeklik hem Emersony öçmejek ýyldyza öwürdi» diýip ýazýar. Jorj Bernard Şounyň aýtmagyna görä: «Ruhy çökgünligiň (durgunlygyň, depressiýanyň) syry, hala baý, hala garyp bolalyň, gerekmejek zatlar hakda artykmaç pikir edýänligimizdedir. Bolar-bolgusyz oý-hyýallara ýüz bermän, öndümli zähmete çümmeli. Şonda damaryňda gan, beýniňde sagdyn pikir aýlanyp ugrar. Tiz wagtdan öňden galan ünjüler syrylyp aýrylar we sen täzeçe durmuşa başlarsyň. Işle, zähmet çek. Dünýädäki iň agyr dertleriň ählisine iň arzan, aňsat tapdyrýan we gowy täsir edýän derman zähmetdir». «Isledigiňizçe işläň. Siziň eden işleriňizi Allatagala, Resulalla we möminler görer». Arap hekimleriniň birinde: «Ömür öýke göterip ýörerden örän gysgadyr» (Ömrüň özi gysga, ony öýke göterip ýene gysgaltmak nämä gerek?) diýen söz bar. «Olardan: «Dünýäde näçe ýyl eglendiňiz?» diýip soralanda, olar: «Bir gün ýa ýarym gündür, muny diňe aý-güni hasaplanlardan soraň» diýerler». Durmuşy hakyky öz ýaradylyşy ýaly ajaýyplykda ýaşamak isleseň, birnäçe zatlar hakda oňat oýlan:

**Köp myş-myşlaryň düýbünde zerre hakykat hem ýok:** Amerikanyň taryhynda indeýleri boýun egdiriji iň uly söweşijileriň biri Jorj Kruk özüniň ýatlamalarynyň 77-nji sahypasynda: «Indeýleriň ähli galagoply we birahat gün görüşleri durmuş hakykatlaryndan däl-de, olaryň gorkunç ham-hyýallaryndan dömüp çykýan bolmaly» diýip ýazýar. «Olar her galmagal-gykylygy özlerine aýdylandyr öýderler, özlerine zyýanly hasap ederler», «Olar hem size goşulyp, söweşe çykan bolsalar, olar siziň araňyzy bozmaga we araňyza gozgalaň-pitne sokmaga synanyşarlar». Şonuň üçin sere dolaşýan her bir pikire berlip ýörme.

Kolumbiýa uniwersitetiniň professory Hoks şu sözleri ömrüne şygar edinip, şoňa hiňlener ýörer eken: «Günüň astyndaky (ýagny, Ýer ýüzündäki) islendik derdiň ýa hökman dermany bardyr ýa-da hiç hili alajy ýokdur. Dermany bar bolsa, tapmaga çalyş. Alajy ýok bolsa, azara galma, arkaýyn ýaşa». Ygtybarly hadyslaryň birinde: «Allatagala dert berse, dermanyny hem berýär. Muny bilen bilýär, bilmedik bilmän galýar» diýilýär.

**Mylaýymlyk büdremekden saklaýar:** Ýaponiýaly professor talyplaryna ýüzlenip: «Mylaýym adam leýlisaç ýalydyr, garşylyk görkezmeklik bolsa dub ýalydyr» diýipdir. «Mömin adam gök ot ýalydyr, şemal ony saga-sola ýykar» diýen hadys bar. Paýhasly adam suw ýaly bolýar, öňünde daş duran bolsa-da, onuň sagyndan-solundan, üstünden-astyndan aýlanyp geçýär. «Mömin ynsan burunlyk dakylan düýe ýalydyr, nirede düşleseň, şol ýerde hem çöker» diýlip, hadyslarda aýdylýar.

**Öten gaýdyp gelmez:** doktor Pol Brandoni içi süýtli çüýşesini ýere pylçap urupdyr. Çüýşe döwlüpdir, süýt dökülipdir. Ol öz-özüne: «Dökülen süýt üçin gözýaş dökme» diýip pyşyrdapdyr. Doktor şeýtmek bilen geçip giden zatlary yzyna dolajak bolmagyň manysyzdygyny akylyna ynandyrmagy başarypdyr. Halk arasynda aýdylýan ýörgünli söz bar: «Saňa ýazylmadyk zady gazanmak saňa örän kyn bolar, belki mümkinem bolmaz». Bir gezek Musa pygamber düýşünde Adam atadan nägile bolupdyr. «Eger gadagan edilen şol miweden iýmedik bolsaň, biz bu wagt jennetde ýaşar ýörerdik» diýipdir. Adam ata: «Eý, Musa, men ýaradylmazymdan kyrk ýyl öň maňa ýazylan ýazgyt üçin meni günäkärleýärmiň?» diýipdir. Pygamber alaýhyssalam her gezek şu hekaýaty gürrüň berende, «Adam delil babatda Musadan üstün geldi» diýip, üç gezek gaýtalar eken. Bagtyýarlygy töweregiňdäkilerden we uzakdakylardan däl-de, özüňden, öz ýüregiňden gözle. Iňlis şahyry Miltonyň bir sözi bar: «Akylyň bir özi dowzahy jennete, jenneti dowzaha öwrüp bilýändir». Mütenebbi şahyryň «Akylly adam bol-telki nygmatyň içindekä hem akyly zerarly özüni betbagt duýýar. Akmak adam betbagtlygyň arasyndaka hem janyny gynanok, özüni bagtly duýýar» diýen setirleri-de, her bir zadyň gadyr-gymmatyny duýup bilmegiň akyla baglydygyny delillendirýär.

**Durmuş üçin gam iýme:** Napoleon «Sant Elena» eserinde «Şunça ömrümiň dowamynda alty gün bagtly ýaşanym ýadyma düşenok» diýse, halyf Hişam ibn Abdylmälik: «Durmuşymdaky iň bagtyýar günlerimizi sanap çykdym. Olar bary-ýogy on üç gün eken»

diýýär. Onuň kakasy Abdylmälik mahal-mahal ah urup «Halyflygy öz üstüme almaly däl ekenim» diýer eken. Said ibn al-Müseýýib: «Biziň olara däl-de, olaryň bize işi düşýänligi üçin Hudaýa şükür» diýipdir. Meşhur wagyz-ündewçi Ibn as-Semmak bir gün Harun ar-Raşidiň ýanyna barypdyr. Şol wagt Harun örän suwsan eken we bir owurt suw getirmeklerini buýrupdyr. Ibn as-Semmak: «Eger şu wagt şol bir owurt suw üçin ýarpy mülküňi ber diýseler, razy bolarmydyň?» diýipdir. Harun: «Hawa, razy bolardym» diýipdir. Onda Ibn as-Semmak: «Bir owurt suwa degýän ýarpy mülküň näme gymmaty barka?» diýipdir.

**Haçan durmuşyň manysy ýitýär?** Ynanjyň-imanyň ýok ýerinde many ýok. Imandan boş bolan dünýäniň ne gymmaty, ne agramy, ne manysy bar. Şahyryň bu hakda aýdanlary ýürege jüňk bolýar:

Iman ýitse, aman ýokdur,
Din ýitse, dünýä ýokdur.
Din-imansyz döwran sürýän,
Ýokluga we ýoksullyga ýardyr.

Emerson «Öz güýjüňe daýan!» atly makalasynda: «Üstünlikler, girdejiň artmagy, sökellikden basym saplanmak, bagtyýar günleriň gaýdyp gelmegi we gaýtadan açylmagy – bular saňa kämil rahatlyk getirýändir öýtme. Hakyky ynjalygy diňe özüňden, öz ýüregiňden tapyp bilersiň. Ana, şol rahatlyk hem beýleki ýakymly zatlaryň hakyky öz keşbini, mährini duýmaga kömek eder» diýip ýazýar. Jana ýüzlenip aýdylan: «Sen razy bolan we senden razy bolnan halda Perwerdigäriňe dön! Salyh bendelerimiň hataryna gir we meniň jennetime gir!» diýen sözi ýatla. Meşhur rim rowaýatçysy we filosofy Epiktet: «Süňňümizdäki ýarany we keseli aýyrmaga berýän ünsümizden aňymyzdaky ýalňyş pikirlerden saplanmaga has uly ähmiýet bermeli» diýip belleýär. Täsin galmaly zatlaryň biri, hatda Gurhanda hem aň-düşünje, pikir ýöwselligi beden keselinden has agyr hasaplanylýar. «Olaryň ýüreklerinde kesel (imansyzlyk) bardy, Allatagala olaryň kesellerini ýene-de zyýada kyldy. Olaryň ýalanlary üçin elhenç azap

bardyr». Fransiýaly pelsepeçi Monteniň ömrüniň şygaryna öwren sözleri nämedir öýdýärsiň? Ol: «Ynsan öz daş-töwereginde bolýan hadysa oňa şol hadysa hakda edýän pikiriçe täsir edip bilmeýär. Ynsan öz pikiriniň täsiri astynda gezýär» diýipdir. Owaldan gelýän ýörgünli dileg-dogalaryň, hadyslaryň birinde «Eý, Allam, meni takdyryňa razy etgin, maňa ýeten zadyň ýalňyşyp gelmändigine, ýalňyş (ýazylmadyk) zadyň hem maňa ýetmejegine anyk ynamym bolsun» diýilýär.

***

**Gamgyn bolma!** Çünki gaýgy-gam könäni ýatladyp, ynjalygyňy bozar, geljegi ýatladyp, gorka salar, bu günüň berekediniň ýoguna ýanar!

**Gamgyn bolma!** Çünki gaýgy-gam ýüregiňi sykar (gysar), ýüzüňi çytdyrar, ruhuňy öçürer, arzuwyňy köýdürer.

**Gamgyn bolma!** Çünki gaýgy-gam duşmanyňy şat, dostuňy gamgyn, göribi hoşal eder. Saňa durmuş hakykatlaryny ýoýup görkezer.

**Gamgyn bolma!** Çünki gaýgy-gama berilmek takdyrdan nägile gezmekdir, üýtgewsiz ýazgydy üýtgetjek bolmakdyr, dost-doganlaryň göwnüni ýykmakdyr, Allanyň beren nygmatlaryna bigadyr bakmakdyr.

**Gamgyn bolma!** Çünki gaýgy-gam giden ýa-da ýiten zady yzyna gaýtarmaz, ölini direltmez, takdyry yzyna serpikdirmez we birjik-de peýda getirmez.

**Gamgyn bolma!** Çünki gaýgy-gam şeýtandandyr. Gaýgy-gam gözüňi ümezledip duran gorky, ýanyňda häzir bolup duran garyplyk, üznüksiz umytsyzlykdyr. Işleriň ugrukmagyna, maksatlaryň bitmegine päsgelçilikdir.

**Gamgyn bolma!** «Biz siziň kalbyňyzy iman nury bilen açmadykmy? Egniňizden basyp duran agyr ýüki aýyrmadykmy? Siziň mertebäňizi belent etmedikmi? Elbetde, her bir agyrlyk – muşakgat bilen bile bir ýeňillik hem bardyr».

***

## ALLA YNAN WE GAMGYN BOLMA!

Hakdan razylygyň, asudalygyň, rahatlygyň syry imanda jemlenýär. Ähli betbagtlyklar we şowsuzlyklar bolsa ynamsyzlykda, şek-şübhede, ikirjiňlenmede ýatyr. Zehinli, uly işlere ukyply örän köp adam bar, olara geniý diýseňem boljak, emma ýüreklerinde iman nury bolmansoň, ýazan, döreden we ýaýan-diýen zatlarynda hem dogry ýoldan sowulmalar, gyşarmalar kän. Mysal üçin, Abu al-Ala al-Maarri şerigat-kanun hakda: «Dymyp boýun bolmaly çaprazlyk» diýip belleýär. Ar-Razy bolsa: «Akylyň öňe gitmegini bökdemek üçin jylaw» diýip düşündirýär. Şahyr Iliýa Abu Mazynyň: «Nireden gelenimi bilemok, ýöne öňümde ýol gördüm, şondan ýöräberdim» diýmegi, hamana, ýoly özi tapyp, özi ugrugan ýaly görünýär. Olar şeýdip, Allanyň beren zatlaryny – akyl-üşügi, ukyp-zehini ýatlaryndan çykarýarlar. Hakykatdan üzňe we bir-birekden parhly bolan şeýle sözleri ýene-de tapyp bolýar.

Bir zat welin köre mälim, Taňry bendesi imanyna görä bagt tapýar, şek-şübhesine görä betbagtlyk.

Älemi berbat edýän şeýle nähak sözler az däl. Üstesine-de, alym ýalňyşsa, älem ýalňyşýar.

«Ynsan nähili pikirlenýär?» atly eseriň awtory Jeýms Allen şeýle ýazýar: «Her gezek ynsanyň töweregindäki zatlar we adamlar hakdaky garaýşy üýtgese, şol zatlaryň we adamlaryň oňa edýän täsiri hem üýtgemek bilen bolýar. Ynsana pikirini üýtgetmäge kömek et, onuň maddy durmuşy hem özgerip başlar. Maksatlarymyzy hasyl edýän ýeke-täk mukaddeslik – ol biziň özümiz». Töweregimizdäki dünýä hakda näçe gowy pikir etsek, onuň şonça gözelleşýändigi dogrudyr. Ýöne bu zatlara şeýle güýji, täsiri bereniň Ýaradan Alladygyny ýadymyzdan çykarmaly däl.

Jeýms Allen bu pikirlerinde birtaraplaýyn çemeleşýär. Ol: «Ynsan gönüden-göni öz pikirleriniň netijesinde maksadyna ýetip bilýär. Ynsan pikirleri arkaly ýerinden galkyp bilýär, üstünlik gazanyp bilýär, arzuwyna ýetip bilýär. Pikir saly gowşak, ynamsyz bolsa, bu zatlar tersine bolýar» diýip belleýär. Arzuwlary hasyl etmek üçin öz

güýjüňe ynanmakdan öň Allanyň berjek ugur-utgusyna bil baglamak has netijeli bolar. «Eger olar çykmagy islän bolsalar, onuň üçin taýýarlyk görerdiler. Emma Alla olaryň çykmaklaryny islemedi», «Eger Alla olaryň bir ýagşylygyny bilsedi, olaryň gulaklaryny açardy», «Alla olaryň kalplaryndaky (wepalylygy) bilip, olara aram-ynjalyk inderdi» diýilýär.

***

## OWNUK ZATLAR ÜÇIN GAMA BATMA!

Bir beýik ýagşyzadany ýolbarslaryň arasyna oklapdyrlar. Allatagala ony halas edipdir. Adamlar: «Ol ýerde nähili pikir etdiň?» diýipdir. Ýagşyzada: «Ýolbarslar arassamyka ýa dälmikä?» diýip oýlandym» diýipdir. Onuň ýüreginde bir çümmük gorkynyň döremändigine üns beriň.

Allatagala sahabalary hem maksatlaryna görä tapawutlandyrypdyr: «Siziň araňyzda bu dünýäni isleýänler hem bar, ahyreti isleýänler hem bar». Meşhur alymlaryň biri Ibn al-Kaýýim: «Ynsanyň gymmaty onuň pikir-hümmeti, maksady bilen, nämäni isleýänligi bilen kesgitlenýär» diýipdir. Hekimleriň biri aýdypdyr: «Maňa onuň pikirini mälim et, men onuň kimdigini anyk aýdyp bereýin».

Gämileriň biri deňziň ortarasynda çaýkanypdyr. Salyh bendeleriň biri suwa ýykylypdyr. Ol deňziň içindekä bedenini ýuwup, agzyny çaýkap, öňküsinden hem arassalanmaga başlapdyr. Soň möwjän deňiz tolkuny bu bendäni kenara çykarypdyr. Adamlar ondan beýle etmeginiň sebäbini sorapdyrlar. Ol: «Ahyr demim bolsa-da, arassa bolaýyn» diýip ýuwundym» diýipdir. Ymam Ahmet ölüm ýassygynda ýatyrka sakgalyny suw bilen ezmeklerini sorapdyr. Bu mysallara üns berseň, ynsanyň ýerliksiz ünjülere, gorkulara gaplanman, her demde, her ädimde diňe gowulyk, gözellik, arassalyk we kämillik hakda pikir etmelidigine göz ýetirersiň.

***

* 22. Sargyt № 975

# GEÇIRIMLILIK

Geçirimlilik ýaly beýik häsiýet ýok. Eger sen adamlaryň bilip we bilmän eden hatalaryny, säwliklerini bagyşlap, geçirip bilýän bolsaň, sylaga, hormata eýe bolarsyň. «Kim geçirimlilik we ýagşylyk etse, sogaby Alladandyr» diýen sözler bar.

Şekspir: «Duşmanyň üçin peji uludan ýakyp, birdenkä özüňi köýdüräýme» diýýär. Adamlaryň biri beýik alym Salym ibn Abdylla ibn Omara: «Sen örän ýaramaz adam ekeniň» diýipdir. Ol: «Meni senden başga tanaýan ýok ekeni» diýip, asuda jogap beripdir. Amerikaly ýazyjylaryň birinde şeýle söz bar: «Taýak ýa-da daş meniň süňkümi döwüp biler, ýöne aýdylýan ýaramaz, ýaman sözler menden hiç zat alyp bilmez». Gahary gelen adamlaryň biri Abu Bekre sögünipdir: «Walla, men saňa şeýle bir gargyndym, sen şol gargyş bilen göre girersiň» diýipdir. Abu Bekr hezretleri muňa birjik-de darykmandyr: «Ýerliksiz gargyş meniň bilen däl-de, ony aýdanyň özi bilen göre girýär» diýipdir. General Eýzenhauer bir gezek şeýle diýipdir: «Halamaýan zatlarymyz we halamaýan adamlarymyz hakda pikirlenip, bir minutymyzy hem zaýalamalyň. Bir çybyn hurma daragtyna: «Ýere berkräk ýapyş, ýykylaýma, men häzir uçjakdyryn» diýipdir. Hurma daragty oňa: «Üstüme gonanyňy duýmandyryn, uçanyňy nädip duýarkam?!» diýip, parahat jogap beripdir. Konfusiý bolsa: «Gaharly adam elmydama gäbini zäher bilen doldurýandyr» diýýär. Onda, hiç bir zada gahar etmän, özüňi parahat, asuda alyp bar. Öte geçseler hem, bärden gaýtsalar hem, bagyşlamagy başar. Hezreti pygamberimiziň: «Gaharlanma, gaharlanma, gaharlanma» diýip, üç gezek gaýtalap aýtmagy, gahar-gazabyň näderejede zyýanlydygyny ýadyňa salar. Şeýtan üç ýerde adamy it oýnan ýaly oýnap bilýärmiş: gahar-gazaba münende, haý-höwesine berlende we gapyllygynda.

***

## BIR DÖWÜM ÇÖREK, BIR IÇIMLIK SUW, BIRLAÝ EGINBAŞ

Eýsem, sen özüňi bagtly duýmak üçin şu zatlar ýeterlik däldir öýdýärsiňmi? Deňizçileriň biri gämi heläkçiligine uçrap, Ýuwaş ummanynda ýigrimi bir günläp döwük salyň üstünde oňňut etmeli bolupdyr. Kenara özüni atyp, halas bolanda, adamlar ondan bu hadysadan alan iň uly sapagy hakda sorapdyrlar. «Bu synagdan alan iň uly sapagym şundan ybarat: eliňde halal gazanç, saçagyňda ýeterlik azyk-owkat barka, hiç zatdan zeýrenmeli däldigine göz ýetirdim» diýip, deňizçi jogap beripdir. Akyldarlaryň birinde: «Durmuş bu bir lukma hörek we bir içimlik suwdur, galan zatlar artykmaçdyr» diýen jümle bar. «Kesranyň mülki käte bir döwüm çörege degmez, deňizleriň suwy hem bir damja suwça bolmaz (ornuny tutmaz)» diýip, arap şahyry ýazýar. Jonatan Swiftiň iň gowy lukmanlar hakda ýazany ýadyňdamy?! Ol: «Berhizli lukman, asuda lukman, şähdaçyk lukman iň gowusydyr. Özgelerden öňürti her kim öz-özüniň lukmanydyr. Kadaly iýip-içip, berhiz saklamak, özüňi asuda-parahat we şähdaçyk alyp barmak iň gowy dermandyr» diýip ýazýar. Ýogsamam, semizlik ötüşen keseldir. Garny gäbelik düşbüligiň duşmanydyr. Asuda-parahatlyk bolsa ýürege gönençlik, ruha şatlykdyr. Beden we ýürek üçin şadyýanlyk ýaly ýokumly iýmit ýokdur.

***

## SOŇY GOWULYGA ÝAZÝAN KÖSENÇLIKLER

Doktor Samuel Jonson: «Her bir hadysanyň gowy tarapyny görüp bilmek bir ýylda müň dollar gazanmakdan haýyrlydyr» diýýär. Ýüz berýän her bir wakanyň hökman bir gowy tarapy bolaýmaly. Bu wakalar ýa bir zady ýadymyza salýar, ýa-da bize toba edip, dogry ýola ugrukmagymyzy salgy berýär. Gurhanda hem bu barada «Olar her ýylda bir-iki mertebe bela-pitnelere ýolugarlar. Şondan soňam ne toba kylarlar, ne pendi-nesihat alarlar» diýilýär. Muňa akyly çatýan

adamlar kösençlikleriň öňünde ejizlemän, özlerini ynamly we dogumly alyp barýarlar. Mütenebbi şahyr bolsa «Käşgä hadysalar meniň ýumşaklyk we tejribe arkaly gazanan zadymy yzyna alyp bilýän bolsady» diýip, şeýle wakalaryň öňünde birjik-de ejizlemeýändigini ýaňzydýar. «Durmuş tejribesi bolmadyk adam sabyr-takatly bolup bilmez» diýip, Mugawyýanyň aýdan meşhur sözleri bar. Diňe bir kynçylyklaryň öňünde ejizlemezlik däl, baýlyk-bolçulygyň öňünde azman saklanmak hem uly gaýraty talap edýär. Abu Temmam şahyryň Afşin Türkmen hakynda aýdan sözlerine üns ber: «Oňa Allanyň eçilen nygmatlaryna bak, emma ol özüni bu dünýede ötegçi bende kimin alyp bardy» diýýär. Öten ýagşyzadalaryň biri bol baýlyga çümüp, lälik ösen birine şeýle diýipdir: «Sende Allanyň beren nygmatlaryny görýärin. Nygmaty şükür bilen baglap goýmasaň, azmak bilen bolarsyň (ol seni azdyrar)». Allatagalanyň: «Şükür etseňiz, size beren nygmatymy artdyraryn. Bigadyr (näşükür) baksaňyz, elbetde, azabym agyrdyr», «Alla bir şäheri mysal getirýär: ol şäher asuda, howpsuz ýerdi. Ol ýere çar tarapdan bol-bol rysgal gelýärdi. Ahyrynda ol şäheriň halky Allanyň nygmatlaryna näşükürlik etdi. Alla hem ol şäheriň halkyna bu etmişleri üçin açlyk we gorky lybasyny geýdirdi» diýen sözleri ýadyňda bolsun!

***

## ÖZÜŇ BOL!

Doktor Jeýms Gordonyň şahsyýetiň özboluşlylygy hakda jaýdar aýdan sözleri bar: «Özüň bolmak, özüň bolup ýaşamak meselesi edil taryhyň özi ýaly gadymydyr we adamzat durmuşy ýaly köpgyraňlydyr. Durmuşda öz ornuňy tapmazlyk, özlügiňi ýitirmek bolsa köpsanly ruhy dartgynlygyň we göwnüçökgünligiň gönezligidir». «Ýaradylan zatlaryň içinde sen ýeke-täk. Hiç kim saňa meňzänok we sen hiç kime meňzäňok. Çünki Ýaradan her kimi aýratyn bir röwüşde, dürli-dürli görnüşde ýaratdy» diýlip, bir akyldaryň sözünde getirilýär. Allatagala Gurhanda «Elbetde, siziň edýän hereketleriňiz hem

hil-hildir» diýip, her bir zada mahsus özboluşlylygyň, aýratynlygyň bardygyny ýatladýar. Çaga terbiýesi hakda on üç sany kitabyň we müňlerçe makalanyň awtory Angelo Battero şeýle ýazýar: «Özi bolup kemala gelmeýän, özüçe pikirlenmeýän, özgeleriň geýnişine we pikir ýöredişine öýkünýän adam iň betbagt adamdyr». «Alla gökden bir ýagmyr inderdi we jülgeleriň hersi öz mukdaryça sil boldy». Her kimiň özboluşly keşbi, sypaty, aýratynlygy, zehini, başarnygy bar. Bir şahsyýet beýlekä meňzejek bolup, öz tebigy bolşuny ýitirmesin. Beýlekiniň reňkinde eräp gitmesin.

Sen anyk we bellibir işiň hötdesinden gelmegiň üçin kesgitli ukyp-başarnyklar bilen ýaradyldyň. Il-gün aýtmyşlaýyn: «Özüňi oka! Näme edip biljekdigiňi öwren!». Şonda sen nähili maksat üçin ýaradylandygyňa akyl ýetirersiň we durmuşdaky wezipäňe dogry düşünip, öz ornuňy taparsyň. Emerson «Özüňe daýan!» atly kitabynda şeýle ýazýar: «Wagt geler. Adamlaryň ylmy ynamyň derejesine ýetende, olar göriplik etmegiň nadanlykdygyna, özgelere öýkünmegiň bolsa özüňe kast etmek bilen barabardygyna akyl ýetirerler. Ýagdaýlaryň dürlüdigine garamazdan, her kim durmuşy özüçe kabul eder, özüçe düşüner. Şeýle hem daş-töweregiň gowulykdan doludygyna garamazdan, her kim özüne berlen ýeri bakyp-bejermese, ondan bir däne hasylam alyp bilmez. Ynsan hem özüne seretmelidir. Öz ukyp-başarnygyny ösdürmelidir. Ynsanyň içinde basyrylgy ýatan güýç tebigatdaky täze bir güýçdür. Bu güýjüň mukdaryny hiç kim ölçäp bilmez. Şol güýji oýaryp bilseň, örän köp zady başaryp bolar».

***

## ZYÝANYŇ IÇINDÄKI HAÝYR

«Başa inýän ýakymsyz hal-ýagdaýlar bize göz öňüne getirip bolmajak derejede kömek edýär. Eger Dostoýewskiý, Tolstoý ýaly ýazyjylar muşakgatyň içinde ýaşamadyk bolsalar, olar baky miras galjak ajaýyp eserleri döredip bilmezdiler. Ýetimlik, körlük, ýalňyzlyk, ýurtdan aýralyk, garyplyk... bularyň ählisi hem aň taý-

dan işjeň, başarnykly, zehinli we kämil bolup çykmagymyza sebäp bolýar» diýip, Uilýam Jeýms belleýär. «Allatagala apatlaryň üsti bilenem nygmat berýär, hatda ol apat hernäçe äpet hem bolsa; käbir kowumlary bolsa hatda eşret bilenem bela uçradýar» diýip, gadymy arap şahyrlarynda aýdylýar. Gowy görülýän zatlaryň biri perzent we mal-mülk. Muňa garamazdan, adamyň betbagtlygyna ilki sebäp bolýan zatlar hem şular. «Olaryň mal-mülki we perzentleri seni haýran etmesin, Allatagala şolaryň üsti bilen bu dünýäde olara azap bermek isleýär» diýen söze üns ber. Göwnümize diňe görgi-kösençlik ýaly görünýän käbir ýagdaýlaryň içinden nähili hem bolsa bir peýdany, bähbidi çykaryp bolýar. Allatagala bir gapyny baglasa, şonuň ýanynda ýüz gapyny täzeden açýar. Meşhur alymlaryň biri Ibn al-Esir özüniň ähmiýetli eserlerini wezipesinden boşadylan döwri döredipdir. Görnükli alym As-Sarahsy «El-Mebsut» atly on bäş jiltlik uly göwrümli eserini guýynyň düýbünde tussaglykda ýatyrka ýazypdyr. Ibn al-Kaýýym «Zad al-ma’ad» (Ahyretiň azygy) atly eserini sapar-syýahatdaka ýazypdyr. Al-Kurtuby hadyslara giňişleýin düşündiriş berýän eserini gäminiň üstündekä döredipdir. Ibn Teýmiýäniň pitwalary ol bendilikde ýatyrka has rowaç bolupdyr. Ençeme hadysçylar müňlerçe hadysy garyp-pukaralykda, il-günden aýralykda bir kitaba jemläpdirler. Dürli sebäplere görä, zähmet çekmekden galan adamlaryň biri, öýde oturan wagty Gurhany ýatdan öwrenip, ýene kyrk jiltden gowrak eseri okandygyny gürrüň berdi. Abu al-Ala al-Ma’arri özüniň şygyr diwanlaryny we kitaplaryny gözi batyllygynda ýazdy. Eserleri birnäçe dillere terjime edilen ýazyjy Taha Hüseýin eserlerini we ýatlamalaryny gözi görmekden galandan soň döredip başlady. Gör, näçe adam bar, jan saglygynda ile-güne edip bilmedik ýagşylygyny, haýryny başy gowgaly wagty ýerine ýetirdi. Frensis Beýkonyň bir sözi bar: «Durmuş pelsepesinden az-owlak baş çykarmak, ynsany ynamsyzlyga iterýär. Emma çuňňur öwreniberse, ol ynsan akylyny ynama, kämillige ýetirýär» diýýär. Şonuň üçin dilenip

alynmaýan her bir apatyň içinde özüň üçin gizlenip goýlan bähbitleri görmegi başar! Her bir zada ýüzleý däl-de, çuňňur düşün!

***

## BARYŇA ŞÜKÜR ETMEK GAÝGYNY GIDIRER

«Biz diňe Perwerdigäri razy edýän sözleri aýdýarys» diýlip, hadyslaryň birinde nygtalýar. Ahyrky netijäniň seniň haýryňa çözülmegi üçin, takdyr saňa hüjüm edende, oňa boýun synmak, kaýyl bolmak wajyp we mukaddes amaldyr. Diňe şeýdeniňde derhal gelýän şowsuzlykdan we kem-kem çökerýän betbagtlykdan halas bolup bilersiň. Takdyra boýun bolmakdan başga çäre ýok. Hatda müň dürli hilä çolanyp, mekirlige ýüz ursaňam, takdyr sowa geçmeýär, ol öz hökümini ýöredýär. Emersonyň «Ýerine ýetirmek başarnygy» atly eserinden bir parça mysal getireýin: «Bagtly hem-de şöhratly (beýik) adamlar asuda, bol-telki, birsydyrgyn, parahat, kynçylyklardan we päsgelçiliklerden azat bolan durmuşyň içinde kemala gelýär» diýen pikir nireden peýda bolduka? Hakykatda welin, bu düýbünden tersine. Ýeňil durmuşda ýaşamaga endik edenler barha ýaltalyga çümýär we gitdigiçe işýakmaz bolup ýetişýär. Hatda akylyň işjeňligi hem peselýär. Emma taryh şaýatdyr: beýiklik we hakyky bagtyýarlyk öz jylawyny şeýle adamlara berýändir, olar zähmet bilen bişişen, kynçylyklar bilen berkän, jemgyýetiň öňündäki borçlaryny eginlerinde göterip, bu jogapkärçiligi biperwaýlyk bilen arkasyna atmadyk adamlardyr». Muhammediň pygamberliginiň ilkinji günlerinde Ylahy hidaýatyň baýdagyny (dogry ýoly) alyp göterenler gullardan, garyplardan, ejizlerden ybaratdy. Bu mukaddes çakylyga garşy göreşenleriň köpüsi bolsa asylzada, baý adamlardy. «Ýene olar: «Biziň mal-dünýälerimiz, bala-çagalarymyz köpräk, biz azap görmeris» diýdiler», «Olaryň özleri onuň (Gurhan) bilen hidaýat tapmansoňlar: «Bu köneden galan ýalan toslamadyr» diýerler». Meşhur şahyr Antaranyň beýtlerinden bir mysal getireýin, ol ynsanyň gymmaty onuň haýsy neberä, haýsy

kowuma degişlidigine däl-de, ýagşy gylyk-häsiýetine we edýän işine görädir diýýär we setirini şu sözler bilen jemleýär:

«Gul bolsam-da, kerem bilen, halkyň patyşahy men,
Reňkim gara bolsa-da, gar hulkuň ap-agy men».

***

## KÜLPETLERIŇ SYRY

Taryhçy we ýazyjy Ahmet ibn Ýusup «Sylag we haýyrly soň» atly eserinde «Ynsan edil garaňky gijäniň soňundan ýagty gündiziň gelşi ýaly kynçylyk-kösençlikden soňra hökman gowy günleriň gelýändigini bilýär. Muňa garamazdan, bir kynçylyga uçranda, onuň tebigatynyň gowşak taraplary aňa-ýürege eýelik edip başlaýar. Muny öz däri-dermany bilen bejermese, kesel möwjeýär, kynçylyk agyrlaşýar. Ynsan şonuň ýaly agyr pursatlarda gowy zada ynam edip, güýjüni täzelemese, aňa höküm edip duran tukatlyk, lapykeçlik ony heläk edip biler». Bu bölümde agyr güne uçrap, sabyr edenler we sabryň soňundaky höziri görenler hakda pikir ýörediler. Sabyr soňy haýyrdyr. Bu pikir kalby ýagşy we ýagty zatlara ruhlandyrýar. Dürli synaglar ýollaýan Allanyň öňünde özüňi sabyrly we edepli alyp barmaklyga iterýär. Ýaman synagyň soňunda ýagşy sogapdyr sylagyň bardygyna bolan arassa gümany berkidýär. Şu manyda dana Buzurgmehriň aýdan sözüni ýatlasym gelýär. Ol: «Sowgat-sylaglaryň öň ýanyndaky kynçylyklar, tagamyň öň ýanyndaky açlyga meňzeýär. Mazaly ajygan wagtyň äberilen tagam has lezzetli bolýar» diýýär. «Durmuş nebsi-jany näderejede zaýalan bolsa, kynçylyk-külpet ony şol mukdarda düzedýär. Durmuş nebse-jana nähili gönençlik beren bolsa, lezzete çümmeklik ony şol derejede zaýalaýar». Ol ýene şeýle diýýär: «Saňa kynçylyk sowgat beren her bir dostuňy aýawly sakla. Seni lezzete çümdüren (eşret sowgat beren) dostlaryňdan welin ünsüňi sow». «Bolelin durmuş garaňky gije kysmydyr, bu tümlükde beren we alan zadyňa magrur bolma. Kösençlikler bolsa, seniň we özgeleriň işini, hereketini, ýagdaýyny ap-aýdyň görkezýän gündiz kibidir» diýýär. Ardaşir patyşanyň aýt-

magyna görä «Kynçylyk gözüňi ýiteldýän sürmedir, onuň üsti bilen adaty we asuda ýagdaýda görüp bilmeýän örän köp zatlaryňa göz ýetirýärsiň». Bela-betere uçrap, başyň gowgaly bolmakda, esasan, iki sany bähbit, haýyr bar. Bu bähbitleriň iň bärkijesi ýüregi kynçylyklara dözümli edýär, ruhuňy taplaýar. Iň beýigi bolsa, ähli zadyň erkini, jylawyny Allatagala tabşyryp, ondan diňe gowulyga garaşýaň.

Ynsanyň pikiri hiç bir halatda hem Halykdan başga kişä baglanmaly däldir. Ol şu zady anyk bilmelidir we oňa uýmalydyr: Ýaradan kynçylyk ýollaýan bolsa, munuň üçin ahyrynda uly sogap, sylag bardyr. Belki, uly günälerimizi ýuwup aýyrjakdyr. Bularyň haýsy biri hasyl bolaýanda hem, islendik kynçylygyň soňy üznüksiz bähbitlere we dowamly peýdalara ýazyp gidýär.

Emma ynsan Ýaradana däl-de, adamlara bil baglasa, rysgy, gazanjy, üstünligi adamlardan tama etse, onuň çekjek görgüsi köpelip, ýasamalygy artyp gider. Göz öňünde tutan maksady hasyl bolmaz we barha darygyp, gysylyp ugrar. Ýerinden, wezipesinden gorkar. Özüni ýalňyşdyrjak we bulaşdyrjak bir ýagdaý ýüze çykaýmasyn diýip, has-da howatyrlanyp, ynjalyksyzlanyp gezer. Birahatlyga çümer.

Şeýle ýagdaýlaryň astynda Hudaýyň pynhan hikmetiniň bardygyny bilýän ynsan elmydama Ýaradana hoş umytda, mynajatda bolar. Her bir zatdan ýagşylyga garaşar, ähli zady gowulyga ýorar. Emma adamlara bil baglanlar, sähel işi bökdelip, müzzerip durmaly bolsa, bu päsgelçiligi bir-birinden görer.

Lapykeçlige düşülende Allanyň ýörite ýollaýan lutfy-keremi bardyr. Alla şeýle peşgeşi islän bendesine rowa görer. Bu kerem, umyt şatlyklaryň golaý gelendiginiň, işleriň ýeňilleşip gitjekdiginiň we öňküden has gowy günleriň garaşyp durandygynyň buşlukçysydyr. Allanyň berýän kömegi ýeterlikdir we her bir işimizde Ol iň gözel wekildir.

At-Tanuhynyň «Kynçylygyň ahyryndaky gönençlik» atly eserini öwran-öwran okanymdan soň, kitabyň hamyrmaýasy bolan üç pikiri aýratyn belläp aldym. Olar:

1. Hakyky gönençlik, şatlyk diňe kynçylyk, külpetlerden soň gelýär. Bu adamzat durmuşynda göre-göre gelinýän gutarnykly we şek-şübhesiz hakykatdyr.

2. Göwne ýakymsyz wakalardan gazanýan bähbit-haýrymyz, peýdamyz ýakymly ýagdaýdakylardan has köpdür. Çünki ynsan mejburylykda bitirýän uly işlerini meýletinlik bilen edesi gelmeýär.

3. Hakykat ýüzünde, bähbidi bäri çekip, zyýany yzyna serpikdirýän diňe Allatagaladyr. Onsoňam, «Alnyňa gelen hiç bir zat ýalňyşyp ýa çawyp gelýän däldir. Saňa ýazylmadyk, saňa nesip etmejek zat hem hiç wagt alnyňa gelýän däldir».

***

## PÄSGELÇILIKDE TAPLANANLAR

Arap dilinde çap edilýän «Ukaz» atly hepdelik neşiriň bir sanynda gözi görmekden galan Mahmud ibn Muhammed al-Medeni hakda gürrüň berlipdir. Bu adam özgeleriň gözi bilen edebiýat kitaplaryny öwrenipdir. Taryh kitaplaryny, žurnallary, hepdelik neşirleri we gazetleri özgelerden diňlemek arkaly ýat tutupdyr. Dostlarynyň birinden daňdan sagat üçlere çenli eşidip özleşdirmek, eşidip okamak ukybyny kämilleşdiripdir. Şeýdibem, edebiýat, taryh we geň-täsin wakalar babatda janly ensiklopediýa öwrülmegi başarypdyr.

Mustafa Emin «Aş-Şark al-awsat» (Orta Gündogar) atly gazete beren gysgaça pikirlerinde şeýle ýazypdyr: «Hilegärleriň hile-mekirligine, zalymlaryň nähaklygyna, hökmüzorlaryň zulumyna azajyk sabyr et. Az salymdan soňra dürre gamçy elden gaçar, daňlan ýüp çözüler, tussaglar bendilikden çykar, tümlük syrylar. Sen diňe azajyk sabyr et we garaş».

Arap şahyrlarynda bu hakda bir setir bar:

«Bir bela üçin ýigit darlyga düşer, Şol dem Alla onuň dadyna ýetişer».

Ine, bu bolsa Günorta Afrika Respublikasynyň prezidenti bolan Nelson Mandela. Ýigrimi ýedi ýyl tussaglykda ýatanam bolsa,

halkynyň azatlygyny ündäpdir. Öz halkynyň bu sütem-horlukdan, gyrylmakdan halas bolmagy üçin göreşipdir. Maksada okgunly, erjel ýapyşypdyr, hatda ölümiň bäri pillesinden gaýdan gezekleri kän bolupdyr, ýöne ýan bermändir.

Bu wagt adamlaryň käbiri haýran we hassadyr. Olar öz dynçlygyna, hatyrjemligine gaýtadan eýe bolmak üçin bir sagdyn we beýik pikire mätäçdir.

Meşhur adamlaryň ömür beýany we olaryň terjimehallary hakdaky kitaplary okaýanlar üstünlige ýetirýän birnäçe umumy sebäpleri tutup bilerler. Men şol sebäpleri şeýleräk görnüşde belläp aldym:

1. Ynsanyň gymmaty başarýan işine (oňarýan zadyna) baglydyr. Bu hezreti Aly ibn Abu Talybyň aýdan sözüdir. Muny giňişleýin teswirlesem, ynsanyň gymmaty onuň daşky sypatyna ýa-da wezipesine däl-de, edebine, ybadatyna, gylyk-häsiýetine, başarýan işine bagly diýmekdir.

2. Ynsan mertebesini, abraýyny öz pikirlerine, gaýratyna, yhlasyna, sahylygyna we pida edip bilşine (janyny dözüp bilşine) görä gazanýandyr. Abraý-mertebe aňsat ýa-da mugt berilýän däldir. «Abraý-mertebe aňsat ýuwudylýan igde däldir» diýen meşhur jümle-de bar.

3. Allanyň erki-eradasy bilen, her ynsan öz taryhyny özi ýasaýar (döredýär). Ol özüniň ömür sahypalaryny ýagşy ýa-da ýaramaz amallary, edepli ýa-da edepsiz durmuş ýörelgesi bilen doldurýar.

4. Ynsan ömri örän gysga, ol tiz sowulýar. Şonuň üçin, aslynda gysga ömri günä işler, alada-ünjüler, gaýgy-gamlar bilen ýene-de gysgaltma.

***

## BAGTA ELTÝÄN SEBÄPLER

1. Salyh amal.
2. Ýagşy aýal.
3. Giň öý. «Eý, Allahym, meniň howlymy giň et» (Hadysdan).
4. Halal gazanç. «Alla päkizedir we Ol päkizeligi söýer» (Hadysdan).

5. Gowy gylyk we ynsansöýerlik. «Nirede bolsamam, Allatagala meni haýyrly-mübärek etdi» (Gurhandan)

6. Bergidar bolmazlyk we haýyr-yhsanda isrip etmezlik.

***

## BAGTYŇ DÜZÜMI

Şükürli ýürek, zikirli (senaly) dil we sabyrly göwre – bular bagtyň düzümindäki esasy alamatlardyr. Nygmatlara şükür et, külpetlere sabyr et, günäleriňe toba et. Bagt hakda alymlaryň ylmyny, hekimleriň paýhas-hikmetini, şahyrlaryň şygyrlaryny seniň üçin bir ýere jemlesem, şol ýerde bagty özüňe çekip, onuň datly tagamyndan datmak üçin ýekeje hakykatyň bardygyna göz ýetirersiň: «Kim maňa sary ýöräp gelse, men onuň ýanyna ylgap bararyn». Bu jümläni durmuş ýüzünde hakykata öwürmek üçin bolsa ýokarky üç zada eýermek ýeterlik: şükür, zikir we sabyr.

Bagtyň düzüminde syr saklamaklygyň hem uly orny bar. Özüne mahsus syryny, iş ýörediş ýollaryny pynhan saklaýan adam bagtly bolup biler. Esasanam, öz syryňy saklamagy başarmaly. Bu pynhanlyk bet päliň pynhanlygy däldir. Syr saklamak aňsat iş däl. Syr saklap bilmeýän adamlar ýa öz maksadyna ýetip bilmeýärler, ýa-da ynamdan gaçýarlar. Syr saklamak hem mertlige mahsus bir häsiýetdir.

Çarwa araplaryň birine bir syrly habary aýdypdyrlar we bu habary äşgär etmän, içinde saklap gezmegi üçin oňa on dinar beripdirler. Çarwa hernäçe içine sygdyrjak bolsa-da, teý ahyry bolmandyr. Syry aýdan adamyň ýanyna baryp, on dinaryny yzyna gaýtarypdyr hem-de bu syry paş etmäge ejaza sorapdyr. Sebäbi syry ýaşyryn saklamak durnuklylygy, sabyrlylygy, gaýratlylygy talap edýär. Munuň tersine, syr saklap bilmeýän adam durnuksyz, sabyrsyz we gaýratsyz hasap edilýär. Ýakup pygamber hem ogly Ýusuba: «Eý, oglum, düýşüňi agalaryňa hergiz aýdaýmagyn» diýip sargady. Ynsanyň iň ejiz nokatlarynyň biri özgelere özüniň syrlar sahypasyny açmagydyr, alyp barýan işlerini begenip ýa-da diline çolap, paş etmegidir. Bu

gadymdan gelýän dertdir, adamzadyň ganyna siňip giden hassalykdyr. Ynsanyň nebsi syrlary paş etmekligi we gep-gybatlary ýaýratmagy şeýle bir söýýär. Syr saklamagyň bagta näme dahyly bar diýip sorasaň, bilip goý, syryny paş edip ýören adam aglaba halatda ökünje, gam-gussa we hasrata batmaly bolýar. Şahyr al-Jahyzyň syr saklamak hakda ajaýyp setirleri bar. Gurhanda aýdylýan «...ýöne ätiýaçly gezip, biziň bu ýerdedigimizi hiç kime aňdyrmasyn» diýen aýat hem aslynda syr saklamaga degişli. Arap şahyrlarynyň birinde bolsa: «Ser gider, syr gitmez» diýen jümle bar.

***

## GORKMA, HER ZAT ÖZ WAGTYNDA GELER

«Haçanda olaryň wagty-möhleti ýetende bir sagat soňa-da galmazlar, öň hem gitmezler».

Bu aýat durmuş aladalaryndan basylyp, ejizleýän we dowul-was-wasa düşüp, günde birnäçe gezek ölüp-direlýän gorkaklara, namartlara degişli. Her zadyň bolmaly wagtyny, kesgitli mütdetini sähelçe ir getiribem ýa-da soňa süýşüribem bolanok. Bir adamynyň howlugany bilen ol ir gelmez, halaýygyň depreneni bilen yza-da süýşmez. Ynsu-jyns – ähli barlyk jem bolubam, ol ýazgydy üýtgedip bilmez. Bu bolsa öz gezeginde Taňry bendesine hatyrjemligi, ynjalyk-rahaty, arkaýynlygy we durnuklylygy bagyş edýär.

Alladan başgasyna bil baglamak betbagtlyga eltýär. Ýardamçydyr öýden ýaranlaryň, dostlaryň, ülpetleriň kyn gününde ýeke-ýalňyz goýup gidýär welin, diňe şol pursatda hakyky howandaryň Allatagaladygy akylyňa dolýar. Ine, Muhammet Gaýmaz Türkmeniň «Meşhur asylzadalaryň ömür beýany» atly ýigrimi üç jiltlik uly eseri. Munuň içinde taryhda at goýan, yz galdyran meşhur alymlaryň, halyflaryň, patyşalaryň, emirleriň, wezirleriň, baýlaryň, şahyrlaryň we beýleki birnäçeleriň terjimehallary beýan edilýär. Kitaby okap bolanyňdan soňra, iki sany möhüm hakykata anyk göz ýetirýärsiň:

Birinjisi, kim Allany unudyp, mal-mülke, bala-çaga, wezipä, kesp-hünäre artykmaç göwün berse, Alla olaryň ömrüni şol zada garaşly edip goýýar we olaryň bagtsyzlygy, örtenmeleri, görjek görgüleri şol zat sebäpli hasyl bolýar. Gurhanda aýdylyşy ýaly: «Şek-şübhesiz, şeýtanlar olary dogry ýoldan sowarlar, kapyr bolanlar özlerini dogry ýoldadyr öýderler». Faraony dereje-wezipe, Karuny mal-mülk, Ümeýýe ibn Halefi söwdagärlik, al-Welidi perzent, Abu Jehli at-abraýa gyzykmaklyk, Abu Müslimi häkimiýetsöýerlik, al-Mütenebbini şöhratparazlyk, al-Hajjajy zemin beýigi bolmaklyk, Ibn al-Furaty wezirlik heläk etdi.

Ikinjisi, her bir edýän işinde Alladan ýardam sorap, onuň ündän hak ýolundan, adalat düzgüninden ugur alyp işlese, köp ýagşy amal etse, özüni Alla bilen beýgeltse, Allatagala hem ony halaýyk arasynda ezizlär, abraý-mertebesini beýgelder, hormatly, sylagly eder. Munuň üçin seniň haýsy kowuma degişlidigiň, nähili wezipede oturandygyň, haýsy maşgalada doglanlygyň, näçe baýlygyň bardygy, nähili topara dahyllydygyň – hiç hili ähmiýeti ýok. Bilaly azan, Selmany ahyret hakdaky pikirleri, Suheýbi sadakasöýerlik, Atany ylym beýik mertebelere ýetirdi. «Gamgyn bolma, şübhesiz, Alla biziň bilendir» diýende, Alla onuň üstüne hatyrjemlik düşürdi we ony siziň görmedik leşgeriňiz-perişdeler bilen goldap kuwwatlandyrdy» diýlişi ýaly, bu adamlar Taňrynyň merhemet saýasynda, Onuň ýardam-enaýaty bilen boý alýarlar.

***

## BEÝIKLIK WE KEREM EÝESI

Pygamberimiziň ygtybarly hadyslarynda: «Eý, Züljelal wel-ikram» (Beýiklik we kerem eýesi) sözüni köp gaýtalaň» diýilýär. Bu sözi hemişe, dowamly we üznüksiz gaýtalamak ündelýär. Allatagalanyň şonuň ýaly ýene bir beýik ismi bar, olar «Ýa Haýý, ýa Kaýýum» (Eý, Ebedi Diri, Eý, Sarsmaz Allam) ismleridir. Bular älemleriň Perwerdigäriniň gözel ismleridir. Bu ismler bilen edilen

dileg-doga, kabul bolar. Soran zadyň berler. Taňry bendesi gutulyşa, şatlyga we üstünlige gowuşmak üçin şu ismler bilen Allatagaladan ýardam-kömek soramalydyr. «Şonda Perwerdigäriňizden medet diläniňizde, Ol siziň arzyňyzy kabul edip: «Men size yzly-yzyna gelýän müňläp perişde bilen medet bererin» diýdi».

Pygamberimiziň sahabalarynyň ömür beýanlaryny, terjimehallaryny gaýta-gaýta okadym. Olaryň ömür sürüşlerinde beýlekilerden tapawutlanýan bäş aýratynlyk ünsümi çekdi.

Birinjisi, olaryň durmuşynda ýeňillik, aňsatlyk bar. Işleri adaty röwüşde alyp barmaklyk bar. Özüňe agram salmaklyk, durmuşdan köp zat aljak bolmaklyk, göz üçin hereket etmeklik asla ýok.

Ikinjisi, olaryň deňiz ýaly çuňňur bilimleri, ylymlary amal bilen utgaşandyr. Olaryň bu hereketinde gereginden artykmaçlyk ýa-da bärden gaýtmaklyk ýok. Köp sözlülik, boş sözlülik, bimany sözlemeklik, düşnüksiz sözlemeklik asla ýok.

Üçünjisi, olaryň ýürek bilen edýän amallary beden bilen bitirýän işlerinden has beýik bolupdyr. Olar ybadata ýürekden yhlas edipdirler, diňe Haka sygnypdyrlar, diňe Haka töwekgellik edipdirler, diňe Ondan umyt edipdirler, ýüregiň mähir-muhabbetini Alla bagyş edipdirler, Onuň hormaty üçin haýyr işe höwesli ýapyşypdyrlar, şer işi oýa-hyýala hem salmandyrlar, diňe Hakdan gorkuda gezipdirler. Kalp bilen ýerine ýetirilýän bu işler gözboýagçylykdan halas edipdir. Munuň üstesine her musulmana parz bolan namaz-rozalary goşmaçalary bilen ýerine ýetiripdirler. Hatda tabygynlar, ýagny sahabalara eýerenler daşky ybadaty sahabalara görä artyk bitirenem bolsalar, sahabalar öz amallarynyň göz üçin bolmazlygy sebäpli, ýürek amallaryna aýratyn ähmiýet beripdirler. Sebäbi Allatagala adamlaryň kalbyndaky närsäni hem anyk bilýär.

Dördünjisi, olar tagat-ybadatdan hatyrjemlik, ynjalyk, rahatlyk, bagtyýarlyk tapansoňlar, dünýä nygmatlaryndan öz nesibelerini alypdyrlar, emma artykmaç zynatlaryndan, bezeglerinden, bol-telkilikden ýüz öwrüpdirler.

Bäşinjisi, Hak ýolunda hak ugrunda göreşmek olar üçin ähli salyh amallardan hem ýokarda görlüpdir. Bu olaryň baş şygary, ugur çelgisi, nyşan-alamaty bolupdyr. Hak ýolunda göreşmek bilen olar öz alada-ünjülerini, gaýgy-gamlaryny, agy-hesretlerini unudypdyrlar. Çünki munda zikir, amal, hereket we yhlas bar.

Allanyň hak ýolunda göreş alyp barýanlar iň bagtyýar ynsanlardyr. Olaryň gursaklary giň, nebsi-köňülleri gözeldir. «Biziň ýolumyzda yhlas edenleri Öz ýolumyza ugrukdyrarys, çünki Alla gözel amal edýänler bilen biledir!».

Kurany-kerimde üýtgemeýän we ýoýulmaýan birnäçe hakykatlar hem-de ýörelgeler bar. Şolaryň arasyndan ynsanyň dünýewi bagtyýarlygyna we rahatlygyna dahylly üýtgewsiz kanuny ýagdaýlaryň käbirlerini ýatlap geçeýin:

Kim Alladan ýardam sorasa, Alla oňa hökman kömek eder. «Eger siz Alla kömek berseňiz (ýagny onuň ýolunda yhlas etseňiz), Ol hem size ýardam berer we dogry ýoldaky gadamlaryňyzy berk, mäkäm eder».

Kim Alladan dilese, Alla oňa hökman berer: «Maňa dileg-doga ediň, Men siziň dogalaryňyzy kabul ederin».

Kim Alladan günäsiniň ötülmegini sorasa, Alla ony bagyşlar: «Meniň günämi bagyşla diýdi we Alla ony bagyşlady».

Kim ýürekden toba etse, Alla onuň tobasyny kabul eder: «Gullarynyň tobasyny kabul edýän Ol Alladyr».

Kim ähli işinde diňe Oňa bil baglasa (ähli işini Hudaýa tabşyrsa), Allanyň berjek kömegi ýeterlik bolar: «Kim Alla töwekgellik etse (bil baglasa), Alla oňa ýeterlik bolar».

Allatagala üç adama berýän jezasyny, temmisini uzaga çekdirmän berer: nähaklyk edýän adamyň jezasyny – «Eý, ynsanlar, siziň bu azgynlygyňyz diňe öz zyýanyňyzadyr»;

wadasynda durmaýan adamyň jezasyny – «Kim ähdinden dänse, ol diňe özüniň zyýanyna däner»;

mekir-hilegäriň jezasyny – «Ýaman mekir-hile diňe öz eýelerini gurşap, heläk eder».

Nähak hereket edýän zalym adam Allanyň penjesinden gutulyp bilmez: «Zalym bolandyklary sebäpli, olaryň öýleri gugaryp galdy».

Salyh amallaryň hasyly hem nagt, hem nesýedir, ýagny ony bu dünýäde hem, o dünýäde hem görüp bolýandyr. Çünki Allatagala günäleri ötüji we ýagşy iş edýänlerden hoşal bolujydyr. «Bu dileg-dogalary we söweşlerdäki mertlikleri sebäpli, Alla olara hem dünýä nygmatyny hem-de ahyret sogabynyň gözelligini (jenneti) eçildi».

Kim oňa boýun bolsa, Alla ony söýer. «Maňa uýuň, sizi Alla söýer». Bu hakykata uýýan adam özüni çäksiz bagtyýar we şadyýan duýmalydyr. Çünki ol Beýik Perwerdigär bilen iş salyşýandygyny unutmaly däldir.

Rysgaly we üstünligi Alla berýär: «Dogrudan-da, rysk berýän Alladyr», «Üstünlik, ýeňiş diňe Alladandyr».

Günäleri Alla bagyşlaýar: «Toba eden kimse üçin men Gaffardyryn (günäleri bagyşlaýjydyryn)».

Tobalary Alla kabul edýär: «Çünki Ol tobalary kabul edýändir we örän rehimlidir».

Dostlary üçin duşmanlaryndan öç alýar: «Şübhesiz, biz öç alarys».

Şeýh Abdyrahman ibn as-Sa'diniň «Bagtyýar durmuş üçin peýdaly serişdeler» atly ähmiýetli eserinde şeýle sözler bar: «Allatagalanyň bagyş eden nygmatlaryny görüp bilmek hem bagtlylygyň güwäsi. Sen özüňdäki birnäçe nygmatlaryň köp kişide ýokdugyna göz ýetirersiň. Allatagalanyň seni ençeme adamdan üstün edip ýaradandygyna akyl ýetirersiň. Şol wagt nähili fazly-kerem bilen gurşalandygyňy duýarsyň». Hatda parz ybadatlarynda hem bu nygmaty ap-aýdyň duýup bolýar. Adamlaryň käbiri namaz-rozasyny kem-köstli, säwlik bilen eda kylsa, birnäçeleri ähli zady bolmalysy ýaly ödeýär. Ine, bu hem gymmatyny söz bilen kesgitläp bolmajak uly nygmat. «Ol size hem äşgär, hem gizlin bolan dürli nygmatlary berdi».

Muhammet Gaýmaz Türkmen öz eserlerinde meşhur hadysçylaryň biri Ibn Abdylbaky hakda söz açýar. Bu ussat bir gezek Bagdadyň juma metjidinden çykanda, özünden gowy durmuşly birini görüp, şoňky ýaly güni arzuw etmek hyýalyna münüpdir. Adamlary bir laý gözden

* 23. Sargyt № 975

geçiripdir. Ýöne abraý-mertebe, egin-eşik, durmuş pikirleri babatda özünden üstün, arzuw eder ýaly ýekeje adamy hem tapyp bilmändir we öz gününe şükür edipdir. «Olary ýaradanlarymyzyň köpüsinden üstün etdik» diýen aýat-alamat Gurhanda hem bar. Arap şahyrlarynyň biri aýdýar: «Adamlaryň ählisi ap-akja, men hem şolaryň biri. Siňe synlasaň, her kesden bir nogsan tapyp bolar. Ýöne dörjelemäni bes et-de, umumylykda gör».

Esma bint Umeýsden rowaýat etmeklerine görä, Resulalla hezretleri oňa: «Men saňa gaýgyly wagtyň aýdylýan sözleri öwredeýinmi?!» diýipdir. Pygamberimiz oňa: «Allah perwerdigärimdir. Men Oňa hiç bir zady şärik etmeýärin» diýen sözleri aýtmagy tabşyrypdyr. Başga bir hadysda şeýle diýilýär: «Kimiň başyna gaýgy-alada, keselçilik, kynçylyk düşse, ol «Allah perwerdigärimdir. Onuň şärigi ýokdur» diýse, ähli alada-ünjüler ondan aýrylar» diýilýär.

Käbir ýagdaýlar bar, olar toplum-toplum gara bulutlary ýürege dartyp getirýär. Şeýle ýagdaýa düşen ynsan Hudaýa tarap gaçyp, ähli işlerini Oňa tabşyrsa, adamlardan hiç birini Oňa şärik etmese, ýagny adamlaryň güýjüne bil baglaman, arka daýanman, özüni Onuň öňüne oklasa, bu ýagdaýlar syrylar gider. Ýöne kim-de-kim bu sözleri ugralla, dil ujundan aýdyp goýberse, muňa çynlakaý ynanmasa ýa-da adamlardan kimdir biri halas edip biler öýtse, onuň gutulyşa ýetjekdigi gümana bolup galar.

Arap şahyrlarynyň birinde şeýle setirler bar:

«Elden gidersegem mal-mülk, baýlygymyz,
Ruhumyz sag bolsa, şudur ýeterlik.
Mal tapylar, abraý hem gaýdyp geler,
Alla bela-beterden gorasa eger».

***

## GÖRIPDEN GORKSAŇ…

Göribiň şerinden, ýamanlygyndan howatyr etseň, owaldan makul görlen dileg-dogalary oka we şu zatlary berjaý et:

1.Zikir-dogalar bilen birlikde Gurhanyň soňky iki süresini («Falak» we «Nas» süreleri) oka. Esasanam, «Göriplik edýänleriň göripliginden pena ber» diýen sözlerini oka!

2. Işleriňi göriplerden gizlin sakla. Ýakup pygamber perzentlerine sarganda: «Eý, ogullarym, size göz degmezligi üçin şähere bir gapydan girmän, aýry-aýry gapylardan giriň» diýdi.

3. Göriplerden uzak bol, olardan daş dur. Gurhandaky «Eger maňa ynanmasaňyz (meni tassyk etmeseňiz), menden aýrylyň, çekiliň» diýen sözlere görä hereket et!

4. Onuň azar-ezýetinden dynmak üçin oňa ýagşylyk ediň. Bu hakda Gurhanda örän gowy ündew bar: «Sen erbetligi iň gözel häsiýet (sabyr we gowulyk) bilen dep et» diýilýär.

***

## GYLYGYŇY GÖZELLEŞDIR

Ýagşy gylykly bolmak bagtly we täleýli bolmakdyr. Ýaman häsiýetlilik bolsa şumluk we betbagtlykdyr. Şu manyda Gurhanda we hadyslarda beýan edilen sözlerden mysallar: «Ynsan ýagşy gylyklary bilen orazaly we gije ybadatly bendäniň derejesine ýetip bilýär», «Kyýamat güni meniň golaýymda oturjak iň söýgüli we ýakyn adamlaryň kimdigini aýdaýynmy?! Olar ýagşy gylykly adamlardyr», «Elbetde, sen beýik ahlaklysyň», «Sen Alladan gelen bir merhemet saýasynda olara ýumşak garadyň. Eger daşýürek bolan bolsadyň, töwerek-daşyňdan dagaşyp giderdiler», «Ynsanlara gowy sözler sözläň».

Möminleriň enesi Aýşa Pygamber alaýhyssalamy häsiýetlendirende «Resulallanyň gylygy Gurhandy» diýer eken. Gylyk-häsiýetiň giňligi, gözeldigi, aň-hatyryň asudalygy Allanyň bagyş eden nagt nygmatlarynyň we lezzetleriniň biridir. Tizmähellik, ganygyzgynlyk, dyzmaçlyk bolsa uzak dowam edýän bagtsyzlyk hem-de sowulmaýan azapdyr.

***

# UKUSYZLYGYŇ DERMANY

Ukusyzlykdan ejir çekýän adam nämeler etmeli?

Ukusyzlyk ukynyň mazasyny alýar, uzak gijäni düşekde iki ýana agdarylyp geçirýäň. Mundan saplanmak üçin:

1. Kabul edilen, okalmasy makul görlen sözleri aýtmaly, Allany ýatlamaly. «Eýsem, ýürekler Allany ýatlamak bilen köşeşmeýärmi?».

2. Zerur ýagdaýynda bolmasa, gündizki ukyny terk etmeli. Gurhanda aýdylýar «Gündizi bolsa ýaşaýyş wagty etdik» .

3. Ukyň tutýança ýazuw, okuw bilen meşgullanmaly. «Perwerdigärim, meniň ylmymy artdyr» diýen söze laýyklykda, köp zatlary okap öwrenersiň.

4. Gündizlerine peýdaly zähmetler bilen bedeni ýadatmaly. Allatagala gündizi täze bir durmuş we işe, zähmete meşgul bolmak üçin ýaratdy diýilýär.

5. Kofe, çaý ýaly ukudan açyjy, oýaryjy içgileri az içmeli (az peýdalanmaly).

***

# GÜNÄLERIŇ NETIJESI

Ýazykdyr günäniň ajylygy tagatyň süýjüligini, imanyň mähirliligini, bagtyň lezzetini gidirýändir. Ibn Teýmiýäniň aýtmagyna görä, «Günä işler göwnüň älem giňişliginde (birhudaýlylyk asmanynda) perwaz urmagyna böwet bolýar».

1. Günä iş bende bilen Perwerdigäriň arasyna perde bolýar. «Ýok, olar kyýamat güni Perwerdigäriň rahmetinden mahrum bolarlar».

2. Günä iş bendäni Ýaradandan uzaklaşdyrýar. Kimiň edýän işi ýaman bolsa, onuň zandy-gümany hem ýamandyr.

3. Üznüksiz günä iş mydamalyk gaýga, birahatlyga salýar. «Olaryň guran binalary (eden işleri) ýüreklerinde şübhe we ikiýüzlülik düwni bolup galar».

4. Günä iş edýän adamyň ýüregini gorky gaplaýar, elmydama dowul tapyp gezýär. «Alla şärik edendikleri sebäpli, olaryň kalplaryny gorka saljakdyrys».

5. Günäliniň gün görşi gözgyny bolup, durmuşy çat atyp başlaýar. «Kim meniň zikrimden (Hak ýolundan) ýüz öwürse, oňa agyr bir durmuş bardyr».

6. Günä işi köp edýän adam doňýürek we garaýürek bolýar. «Biz olaryň ýüreklerini gap-gaty etdik».

7. Günä işi köp edýän adamyň ýüzünden yşnak aýrylýar, ýüzüniň nury çöküp, ýakymy gidýär. Betgelşik, mähirsiz bolup galýar. «Ol gün ýüzleri gara bolanlara şeýle diýler».

8. Günäli adam halaýygyň, köpçüligiň gözüne ýigrenji görünýär. «Adamlar Allanyň ýerdäki şaýatlarydyr».

9. Günäli adamyň haly teň, rysgy dar bolýar. «Eger olar Töwrata, Injile we Perwerdigär tarapyndan hasyl edilen ähli zatlara amal etselerdi, olara üstlerinden hem, aşaklaryndan hem rysk berlerdi».

10. Günäli adam Allanyň gazabyna uçraýar, imany kemis bolýar, bela-beterleri özüne dartýar (bela-beterleriň inelgesi bolýar). «Olar Allanyň bir gazabyndan soňra Onuň ýene bir gazabyna uçradylar», «Olaryň gazanan günäleri kalplaryny baglandyr», «Olar: «Kalplarymyz örtülgi we gulpludyr» diýdiler».

***

## «KÖMEGE ÇAGYRAN WAGTY MÄTÄJE KIM JOGAP BERÝÄR?»

Gorkuly adam kimden pena soraýar, gaýgyly adam ilki bilen kimden dalda isleýär, bu barlyk kimiň gudraty bilen saklanyp dur (aýlanyp, öwrülip dur), janly-jandarlar kimden dileýärler, diller kimiň adyny zikr edýär we ýürekler kimi ylah saýýar? Ol Biribar, bir ylahdan başga hudaý bolmadyk ýeke-täk taňry – Alladyr.

Pukara we bol-telki, agyr we sapaly günlerimizde Ol Biribardan dilemek meniňem, seniňem borjuň. Çykgynsyz wagtlarda Oňa

sygynýarys. Agyr günlerimizde Ondan ýardam soraýarys. Biz Onuň dergähine (bosagasyna) aýalarymyzy açyp, gözümiz ýaşly, özümiz müýnli, boýun egijilik bilen barýarys. Şol demde onuň mededi gelýär we ýardamy ýetişýär, şatlyk daňylary dessine çözülýär we üstünlik ör-boýuna galýar: «Kömege çagyran wagty mätäje kim jogap berýär?». Ol gark bolup barýany halas edýär. Gaýyp adamy öýüne dolaýar. Bir derde mübtelany salamat edýär. Nähak daralanyň hakyny alyp berýär. Azaşany ýoluna gönükdirýär. Hassany sagaldýar. Gaýgylynyň aladasyny aýyrýar: «Olar gämä münenlerinde Allany halys ýürekden yhlas bilen çagyrarlar».

Men bu ýerde zerur ýagdaýyňda okalýan dogalary – gaýgy-gam, alada-ünji, gorky-dowul ýaly zatlary aýyrýan doga-dilegleri öwredip durmaýyn. Muňa derek men saňa şeýle ähmiýetli dogalaryň genji bolan sünnete uýgun kitaplary, hadyslary, Gurhany okamaklygy maslahat berýärin. Allaha mynajat edersiň, Allany kömege çagyrarsyň. Oňa doga edersiň, Ondan umyt edersiň. Sen Ony tapsaň, ähli zady taparsyň. Sen Oňa bolan ynamyňy ýitirseň, ähli zady ýitirersiň. Allaha doga etmegiň özi Oňa ýene bir ybadat etmekdir. Matlap-maksatlary hasyl etmekde ikinji bir beýik tagatlylykdyr. Doga etmegi oňarýan adam (Doga sungatyna ezberlän adam) hiç wagt hiç zady alada hem etmesin, gaýgy-oýa hem batmasyn. Ähli ýüpler üzülýändir, Allanyň ýüpi hergiz üzülmez. Ähli gapylar ýapylýandyr, Allanyň gapysy hergiz ýapylmaz. Ol size örän golaý ýerde, sorasaň berer. Ol saňa özüne doga etmegi, Özünden soramagyňy buýurýar (talap edýär), çünki sen garyp, ejiz we mätäçsiň, Ol baý, güýçli, gudratly, ýeke-täk we beýik şanlydyr. Ol saňa Özünden dilemegi buýurýar: «Menden soraň, size bererin». Başyňa bir iş düşse, dowul dumany aljyratsa, Ony ýatlap, diliňi ýenç. Pyşyrdap, Onuň adyny gaýtala. Onuň medet-ýardamyny isle. Ondan açylyş (gutulyş) we ýeňiş sora. Onuň adyny mukaddesleşdirmek üçin maňlaýyňy derlet, erkinlik jygasyna eýe bolarsyň. Kejirligiňi basyp, bendelik laýynda süýren, gutulyş guşakçasyny gazanarsyň. Elleriňi uzat, aýalaryňy ýokary göter, senaly diliňi ýaz, Ondan köp sora, yh-

las bilen dileg et. Erjellik bilen sora! Gapysyndan aýrylma! Lutfuna garaş! Fethine göz aýla! Adyny aýdym et! Ol hakda diňe gowy pikir et! Oňa ýüregiň bilen beril! Özüňi Oňa bagyş et, bagtyýar bolarsyň we üstünlik gazanarsyň!

***

## ÝÜREKLER ALLANY ÝATLAMAK BILEN YNJALMAÝARMY?

Dogruçyllyk Allanyň halaýan zady. Gönümellik (açyk-aýdyňlyk) ýürekleriň posuny aýyrýan sabyn. Tejribe anyk delildir. Ýolbelet öz ilini azaşdyrmaz, öz maşgalasyna ýalan sözlemez. Ýürek-gursak üçin zikrden gaýry giňlik we beýik sogap berip biljek zat ýokdur: «Meni ýatlaň, men hem sizi ýatlaryn». Allanyň zikri onuň zeminindäki jennetdir. Zemin jennetine girmedik, ahyretiň jennetine girmez. Zikr ynsan nebsini kynçylyklardan, kösençliklerden, argynlyklardan, çaýkanmalardan (tolgunmalardan) halas edýän serişde bolmak bilen çäklenmän, ol ýeňşe we üstünlige ýetmegiň iň ýeňil we gysga ýoludyr. Zikriň peýdasyny bilmekçi bolsaň, wahylar diwanyna göz aýla. Saglyk-şypa gazanmakçy bolsaň, durmuş melhemini (balzamyny) süňňüňe siňdir.

Päk Perwerdigäriň zikri gorky dumanyny, howatyrlanma buludyny, gaýgy-gam ýagmyryny, alada-ünji tupanyny syryp aýyrýandyr. Onuň zikri hesret, gam we örtenmeler dagyny ýom-ýok edýändir.

Zikr edýänleriň rahat we ynjalykdadygy geň zat däl, aslynda bolmalysy şeýle, geň galmaly zat, gapyl adamlar zikr etmän neneňsi oňup, ýaşap bilýärler: «Ölülerdir, diri däldirler we nireden iberiljegini duýman galarlar».

Ukusyzlykdan zeýrenen, agyrydan ýaňa derde eýlenen, aglan, hadysalardan ýaňa ýüregi dertli, başyna musybet düşen bendeler, «hiç hili atdaşy bolmadyk» Perwerdigäriň mukaddes ismini pyşyrdap görüň ahyry!

Ony köp ýatladygyňça, göwnüň giňär, akylyň ýazylar, hatyrjemligiň ýaýlar, ýüregiň köşeşer, özüňi bagtly duýarsyň, ynsabyň ynjalar (rahatlanar). Çünki Allatagalany zikr etmekligiň – Allany ýatlamaklygyň özi Oňa töwekgellik etmek, Oňa arka daýanmak, Oňa dönmek, Ol hakda diňe ýagşy pikirde, gözel niýetde, oý-hyýalda bolmak, Onuň miýesser etjek (Ondan geljek) şatlygyna garaşmak diýen manylary bardyr. Çagyrylsa, Ol ýanyňyzdadyr (ýakynyňyzda, golaýyňyzda); dileg edilse (ady tutulsa), Ol diňleýändir; soralsa, Ol berýändir. Allaha ýalbar, dyza çök, toba et, dile! Onuň mübärek we ýakymly ismlerini diliňe sena et, ol ismler bilen doga et, sora, ýazygyň ötülmegini dile, nesip edenden – Allahyň güýji-kuwwaty bilen – bagtyýarlygy, asudalygy, şadyýanlygy, ýagtylygy, gönençligi taparsyň: «Allatagala olara dünýäniň sogabyny we ahyryýetiň husny-sogabyny berdi».

***

# ÖWEZINI ALLA DOLÝANDYR

Öwezini has artykmajy bilen dolmajak bolsa, Alla senden hiç zat almaz. (Alla senden näme alýan bolsa, öwezini has haýyrly zat bilen doljakdyr). Sabyr etseň, Allaha bil baglasaň, hut şeýle-de bolmaly. «Kimiň iki ezizini (ýagny iki gözüni) alsam, ol hem muňa sabyr etse, oňa derek jenneti bererin. Kimiň balasyny alsam, ol hem muňa sabyr etse, oňa derek jenneti bererin». Kimiň perzendi ýogalsa, ol hem muňa sabyr etse, onuň üçin jennet il-huld mesgende, ýagny ebedilik bag-bossanda abraý köşgi gurlar. Bu bir ýönekeý mysal, ýöne ähli zatlary şeýle ölçeg bilen kesgitle.

Bela-beter üçin gyýlyp, gynanyp ýörme. Ony takdyr edeniň dergähinde bulara döz gelendikleri, sabyr edendikleri üçin jennet köşkleri, bihasap sogaplar, Alla tarapyn ödelen öwezler, beýik sylag-serpaýlar bardyr.

Bela-betere uçran bendelerine Alla firdews jennetinde «Sabyr edendigiňiz üçin hoş gördük, ahyret öýi iň ajaýyp ýerdir» diýler.

Biz hem her bir ýitginiň, derdiň öwezine göz aýlalyň, ol ýerde tükeniksiz sogaplar we yzygiderli haýyrlar ýatandyr. «Olara Perwerdigärden salawat we rahmet bolsun, olar dogry ýola gönügenlerdir». Başy dertli bendelere bu sogaplar mübärek bolsun. Agyr gündäkilere bu habarlar hoş görünsin!

Dünýäniň ömri gysga, genji ujypsyzdyr. Ahyret juda haýyrly we ebedidir. Munda derde uçran, onda bol-telki hak alar. Munda ýadan, onda dynç alar. Dünýä mülküne magrur bolup, wagtlaýyn gözellige gyzygýanlar, bu dünýä durar diýip, oňa daýanýanlar we ynanýanlar, ýitirilen amatly pursatlar we duşdan ötürilen bagtlar üçin ýüreklerine ornan hasraty ol ýerde çeker ýörerler. Sebäbi olar bu dünýäde ötegçi lezzete aňlaryny aldyrandyklary üçin, ol ýerde ejirini çekmeli. Her bir zada öwez-töleg bar ahyry. Olar diňe aýaklarynyň aşagyna gözlediler we pany hem-de juda arzan dünýäden başga zady görmediler.

Eý, kynçylyga uçranlar, siziň başyňyzdan geçiren her bir zadyňyzda siz üçin sogap, girdeji bardyr. Siz üçin lutfy-keremden, mähir-muhabbetden, sogapdan we husny-ygtyýardan doly aýdyň jümleler iberildi. Başyna bir iş düşen adamlar elmydama işiň soňuna, netijesine seretsinler. «Olaryň arasyna uly diň, berkitme, gala germediler. Onuň gapysynyň iç ýüzi durşuna rahmet, daş tarapyndan bolsa azap-muşakgatdyr» diýilýär. Allanyň dergähindäki her bir zat haýyrly we tükeniksizdir (dowamlydyr), ýakymly we mübärekdir. Beýik we belentdir (mertebelidir).

***

## IMAN - OL DURMUŞDYR, DIRILIKDIR

Şum täleýliler sözüň doly manysynda bagtyýatanlardyr, iman hazynasynyň gymmatyna düşünmeýän, anyk ylymlardan bihabar müflislerdir. Olar elmydama usurgadýan ýadawlygyň, gahar-gazabyň, hor-homsulygyň we har-zelilligiň girdabyndadyr: «Meni ýatlamaýan adamlar hemişe ýeter-ýetmezligiň, kynçylygyň içinde gezerler (ýeter-ýetmez, kyn durmuşda bolarlar)».

Ynsan köňlüni bagtly edýän, päkleýän, tämizleýän, begendirýän, gaýgy-gamyny gideryän, ynjalygyny aýyrýan ýeke-täk zat älemleriň Perwerdigärine bolan imandyr. Iman bolmasa, durmuşda asla tagamdat ýokdur.

Imany ýok dinsiz kimseler özlerini şeýle kynçylyklardan, darlyklardan, bogulmaklardan, tümlüklerden, hile-mekirliklerden halas etmek üçin janlaryna kast etmekden başga ýoly bilmeýärler. Görýärmiň, ynamsyz, imansyz durmuş nähili elhenç! Allanyň zeminde ýöreden hak ýolundan çykanlara ebedilik lagnatyň bardygyny bilýänsiňiz! «Başda iman etmeýişleri ýaly biz olaryň kalplaryny we gözlerini tersine öwrüp goýduk, olar şol azgynlyklarynda azaşar ýörerler». Adamlara kanagata berilmegiň wagty ýetdi, çynlakaý kanagata. Hem-de halys ýürekden imana gelmeli – bir Alladan başga ylah ýokdur. Uzak asyrlaryň kötel ýollaryndaky tejribeler, görlen, öwrenilen zatlar senemdir-butuň hiç hili haýrynyň ýokdugyny, olaryň ýöne bir zatdygyny, küprüň näletdigini, imansyzlygyň batyldygyny, resullaryň dogruçyldygyny (aýdan zatlarynyň dogrudygyny), Allanyň hakdygyny (hakykatdan hem, bardygyny), barça mülküň, patyşalygyň, öwgi-senanyň Oňa laýykdygyny, Onuň ähli zady başaryp bilýändigini akyla ynandyryp bildi.

Seniň bagtyýarlygyň, rahatlygyň, gönençligiň, ynjalygyň imanyň ölçegine görä, güýçli we gowşak, gyzgyn we sowuklygyna görä bolar. «Erkek we zenanlardan kimdir biri ýagşy amal etse, biz ony gowy durmuşda ýaşadarys we olaryň edýän amallaryndan hem has artyk sogap bilen ýalkarys». Gowy durmuş Allanyň ýagşy wadalaryna kalbyň berkararlygydyr, Perwerdigäriň mähir-muhabbetine ýürekleriň ynjalygydyr. Ynsaplaryň azgynlyk kirlerinden tämizligidir. Hadysalaryň garşysynda beýnileriň sowuk saklanmagydyr. Täleý synaglarynda ýürekleriň köşeşik tapmagydyr. Takdyr öwrümlerinde nebsiň razy bolmagydyr. Çünki olar Allanyň perwerdigärdigine, Yslamyň hak dindigine, Muhammet aleýhyssalamyň pygamber we resuldygyna iman eden, ynanan adamlardyr.

***

## RYSGYŇY GÖZLE, ÝÖNE AÇGÖZ BOLMA!

Allatagala laýyň arasyndaky gurçuga, höwürtgelerdäki guşlara, suwuň astyndaky balyklara rysgyny ýetirýär. «Ýerde süýrenip ýören her bir jandaryň, asmanda ganat kakýan her bir guşuň rysgy hem edil siziňki ýaly Biziň gol astymyzdadyr» diýlip, Gurhanda ýatlanylýar. Garny aç gidip, doýup gelýän guşlara hem rysgyny berýän, her kesi iýdirip-içirýän Alladyr. Sen gurçukdan, guş-gumrudan, balykdan has eziz we akylly bolup durkaň, hiç wagt rysgyňy gaýgy etme!

Käbir tanyş adamlarym bar, olaryň başyna düşen garyplygyň, gaýgy-hasratyň, dargursaklygyň aňyrsynda Hudaýdan üzňelik we hak ýoldan uzaklyk ýatyr. Allatagala olaryň birnäçesine baýlyk, bol-telki nygmatlar eçildi, rysgyny giňden ýaýdy. Allanyň beren saglygynyň, haýrynyň içinde ýaşadylar, emma ündelen hak ýoluny tutmadylar, parzlaryny-borçlaryny berjaý etmediler. Ne sadaka, ne zekat berdiler, ne ýagşylyk etdiler. Gaýta, meslige başyny sämedip, uly günälere dokundylar. Şondan soň Allatagala olaryň süňňüniň sagdynlygyny, rysgynyň giňligini syryp aýryp, garyplyga, gaýgy-gama, alada-ünjä duçar etdi. Olar kynçylykdan kösençlige, barha beterinden beterine sataşdylar. Ýogsamam, Allany unudýan adamlar üçin, elbetde, bagtsyz durmuş bardyr. Adamlar öz häsiýetlerini üýtgetmeseler, Alla hem olara berýän nygmatyny üýtgetmez. «Eý, ynsanlar, size bir bela ýetse, diňe öz eliňiz bilen eden närsäňiz – günäňiz sebäpli ýeter» diýlip, Gurhanda ýatlanylýar.

Arap şahyrlarynyň birinde şeýle setirler bar: «Biperwaýlyk bilen elden gideren Leýliň üçin gözýaş dökmek biderekdir». Rysgyňy gaýgy etme, ýöne eliňde bar nygmaty harlap, onuň köýmegine hem sebäp bolma!

***

## DOGRY ÝOLA GÖNÜKMEGIŇ SYRY

Dogry ýoldan ýöremeýän adam gönençlige gowuşmaz, bagta ýetmez we sapaly döwrandan lezzet alyp bilmez. Bu hak ýoluň bäri

başynda arassa ahlak, tertip-düzgün, ahyrynda bolsa bagtyýarlyk we jennet bar. Dogry ýola ulaşan ynsan gözel akybetden hatyrjem bolar, gowy günleriň bardygyna ynanar, Perwerdigäriň wada beren zatlaryndan köňli aram tapar. Ýaradanyň takdyryna razy bolar. Özüni dogry ýola gönükdirijiniň bardygyny biler. Şeýle adam günä işlerden daş durar, bimany sözlemez, haý-höwesine berlip gürlemez, ýaramaz ýoly yzlamaz. Onuň sözleri halk üçin ýol görkeziji çelgidir. Ol şeýtanyň taýdyrmasyndan, deň-duşlarynyň büdretmesinden we ynsana mahsus nogsanlyklardan amandyr.

Taňry bendesi şu ýolda ýöreýändigi üçin hem özüni bagtly duýmaly. Çünki ol özüni dogry ýola gönükdirip duran Perwerdigäriň, ahlagyndan, edebinden nusga alarlyk Pygamberiň, golunda kitabyň, kalbynda nuruň, hak zady ündäp duran ynsabynyň bardygyny biler. Ol adam elmydama ýagşylyga tarap gönüger, tagatlary kemsiz bitirmek üçin yhlas eder, haýyr işlere höwesek ýapyşar. «Alla öz söýen bendelerini öz ýoluna salýar».

Bu dünýäde haý-höwes, nebis çeňňekleri Taňry bendesini özüne maýyl edip, ýoldan azdyrmaga synanyşar. Her bir ynsan bu kötelliklerden hökman geçäýmelidir. Bu dünýäde ynamy-imany, ylmy-amaly bilen dogry ýoldan ýörän adam çarkandakly we hatarly ýollardan sag-aman ötüp biler. Dogry ýolda ýöreýän adamlaryň gaýgysy, ünji-aladasy we derdi basym syrylyp aýrylýandyr.

***

## AJAÝYP DURMUŞY ISLEÝÄN ADAMYŇ ÝOLMALY ON GÜLI

1. Säher bilen turup, toba etmek
2. Pikirlenmek üçin ýalňyz bolmak we wagt tapmak
3. Ýagşy adamlar bilen söhbetdeş bolmak
4. Zikr, şükür etmek
5. Ýürekden berlip, iki eglim namaz okamak

6. Okaýan zadyňa amal etmek niýeti bilen, kitap (Gurhan) okamak
7. Jöwzaly, yssy günlerde hem agyz beklemek
8. Ile äşgär etmän sadaka bermek
9. Musulman doganyň gaýgy-gamyny egismek
10. Dünýä durmuşyna gereginden artyk köňül bermezlik.

Nuh pygamberiň oglunyň näme sebäpli betbagt bolandygyny bilýänsiň. Ol «Bir dagyň üstüne özümi ataryn, ol meni tupandan, suwdan gorar» diýipdi. Eger-de ol barça zadyň eýesi, älemleriň Perwerdigärine ýykylan bolsa, has gowy, has bagtly, has howpsuz bolardy.

Nemrudyň näme zerarly betbagt bolandygyny bilýänsiň. Ol «Men direldibem bilýän, öldüribem» diýipdi. Ol özüne gelişmeýän dona bürendi, lap urdy, uly gürledi, özüne laýyk bolmaýan şekile girdi, diýmäge haky bolmadyk sözleri diýdi. Şeýdibem ol gözden düşdi, işi bulaşdy, ahyry weýran boldy.

Bagtyýarlygyň açary bir sözdür, milletiň mirasy bir sözlemdir, üstünligiň tugy bir jümledir. Bu söz, sözlem we jümle bolsa şudur: Lä ilähe illallah, Muhammedur-rasululullah.

Ýerde bu sözleri aýdan ynsanyň bagtyýarlygy – asmanda oňa «hak sözlediň» diýler.

Bu sözlere amal eden ynsanyň bagtyýarlygy – ol heläk bolmakdan, şermendelikden we dowzah odundan aman bolar.

Bu sözleri ündän adamyň bagtyýarlygy – ol elmydama Allanyň ýardam-enaýatynyň astynda gezer.

Bu sözleri diýen adamyň bagtyýarlygy, Hak dergähinde we halk arasynda eziz hem-de hormatly bolar.

Bilal gul bu sözleri pyşyrdap, erkinlige ýetdi. Ebu Leheb Haşymy ol sözleri aýtmagy agyr gördi, hiç hili gadyry bolmadyk hor-homsy bolup dünýäden ötdi. Ol söz ynsanyýet akymyny (toparyny) päkize ylahy beýikliklerine alyp çykýan dirilik suwudyr.

Ýagşy işlerden ýüz öwren bolsaň, bu dünýä üçin söýünme. Çünki tükeniksiz ejir seniň ýoluňdadyr, bagtsyzlyk seni ýuwutmak meýlindedir.

Biribar Taňrydan ýüz öwren bolsaň, beren perzendi bilen söýünmegin. Biribardan ýüz öwürmek tükel hor-harlyk, düýpli ýitgä uçramak we mertebäňi ýitirmekligiň aňry çägidir.

Amallaryň ýaramaz bolsa, mal-mülküň bilen söýünmegin, çünki ýaman amalyň soňy «waý» bolar, dowamy zowal bolar. Ahyrynda bolsa nälete uçrarsyň.

***

## ÝAGDAÝLARA GÖRÄ HEREKET ET!

Kyn zatlary zat sanmasaň, ol öz-özünden ýeňlär gider. Nämedir bir zatdan tamaňy üzseň, ýüregiň tiz teselli tapar. Käbir adam başyna düşen betbagtlygy ýa-da bir wakany, hadysany ýatlap, göwnüçökgünlige düşýär. Ähli zatdan, durmuşdan tamasyny üzýär. Bu düýbünden ýazgarylýan, bolmaýan zatdyr.

Şeýle bir wakany okapdym. Adamlaryň biri penjireden bökende, onuň çep elindäki ýüzük penjirä kakylan çüýe ilişipdir we ol çüý ýüzükli barmagy goparypdyr. Ýere düşende, ol bir barmagynyň düýbünden döwlendigini, bir eli dört barmakly adam bolup galandygyny bilipdir. Ol özi hakda gürrüň berende: «Diňe şol wakany ýatlanymda, elimde dört barmagyň bardygy ýa-da bir barmagymy aldyrandygym ýadyma düşýär. Ýogsam, ýazgytdan razylygym bu ýagdaýymy asla ýadyma salmaýar. «Ähli zat Allanyň takdyry bilendir. Ol halan zadyny eder. Alla näme isleýän bolsa, şol hem biz üçin bähbitlidir» diýer eken.

Bir kesel zerarly çep goly düýbünden kesilen bir adamy tanaýaryn. Ol muňa garamazdan, uzak ömür sürdi, maşgala gurdy, perzent gördi. Ol bir eli bilenem ulaga aňsatlyk bilen erk edýär. Işini, amalyny kemsiz-köstsüz, kynçylyk görmezden ýerine ýetirýär. Göýä diýersiň, Allatagala ony aslynda bir elli ýaradan ýaly, hadyslaryň

birinde: «Allanyň saňa ýazan kysmatyna razy bol, adamlaryň iň baýy bolarsyň» diýilýär.

Biz ýagdaýlara şeýle bir çalt öwrenişýäris. Hakyky durmuş ýagdaýlarymyza görä pikirlerimizi, oý-hyýallarymyzy hem üýtgedýäris. Ählimiz, şeýle-de bolmaly, ýagdaýymyza görä hereket etmeli. Nygmatyň bir tarapy egsilen bolsa, başga bir tarapynyň agdyk ýa-da artyk bolýandygyny unutmaly däl.

Elli ýyl mundan ozal hem öýlerimiziň töründe gamyş boýra düşelerdi. Bir küýze suw, bir arka odun, bir ýakymlyk kömür, agaç tabak-mejime, kündük durardy. Durmuş öz akymyna gitdi, ýaşaýyş şular bilenem dowam ediberdi. Sebäbi biz şol zatlara-da razydyk, kanagatlydyk we ýagdaýlara görä hereket edipdik.

Bir şygyrda şeýle setirler bar:

«Küýsedigiňçe, nebsiň islegi artar gider,

Kanagat etseň, az bilenem oňňut eder».

Gadym döwürde Kufe şäherindäki juma metjidinde iki toparyň arasyna oňşuksyzlyk düşüpdir. Her tarap gylyjyny ýalaňaçlap, naýzasyny gezäp, gahar-gazaba münüpdir. Bu ýagdaý töwerekdäkileri hem gozgalaňa salypdyr. Birine sähel ýel berseň ýa-da ýol berseň, gyzgyn kelleler eginden taýyp düşjek eken. Şol wagt metjitdäki adamlaryň biri iki tarapy ýaraşdyryp biljek paýhasly we mürewwetli adam Ahnaf ibn Kaýsy idäp, bu ýerden çykyp gidipdir. Ol öz öýünde geçisini sagyp duran eken. Hälki adam egninde bahasy on dirheme degmeýän dony bolan, hor we aýagy çaýşyk adama (Ahnaf diýen söz aslynda çaýşyk diýmek) bu wakany mälim edipdir, emma muny eşidende, Ahnafyň bir tüýi hem gymyldamandyr, birjik-de howsala düşmändir. Sebäbi ol munuň ýaly hadysalary köp gören eken. Ahnaf darykman jogap beripdir: «Enşalla, ählisi gowy bolar». Ol hiç zat bolmadyk ýaly, özüni arkaýyn, asuda alyp barypdyr. Soňra oňa ertirligini getiripdirler. Onuň saçagynda bir döwüm gury çörek, ýag, duz we bir käse suw bar eken. Ahnaf «Bismillah» diýip, çörege elini uzadypdyr. Naharlanypdyr, ýetiren nygmaty-tagamy üçin töwir okap, Hudaýa şükür edipdir. Soňra: «Yragyň bugdaýy, Şamyň ýagy, Dejle (Tigr)

derýasynyň suwy, Merwiň duzy – elbetde, bularyň ählisi bu dünýäniň iň beýik nygmatlarydyr» diýipdir. Soňra donuny egnine atyp, taýagyny eline alyp, ýuwaşja ýöräp, adamlaryň ýanyna ugrapdyr. Ahnafy görenlerinden, adamlaryň bady köşeşip, boýny eglipdir. Gözleriň ählisi oňa gönügipdir. Hemmeler onuň aýtjak sözlerine gulak güýdüpdirler. Ahnaf ol ýere ýygnananlara ylalaşyk sözlerini aýdypdyr, iki tarapy ýaraşdyrypdyr we her kimiň öýli-öýüne dagamagyny talap edipdir. Adamlar birek-birege gaty-gaýrym söz aýtman, göýä hiç zat bolmadyk ýaly, öýlerine dolanypdyrlar. Şeýdip, bu ýerde örňän jenjel köşeşipdir, bir pitnäniň öňi alnypdyr.

Şahyrlaryň birinde şeýle setir bar: «Dony köne, köýnegi ýamaly bolsa-da, ýigit akyly bilen uly derejelere ýetip biler».

Bu kyssada sapak alyp boljak birnäçe manylar bar:

Beýiklik daşky gözellikde we görnüşde däldir. Maddy ýeter-ýetmezlik bagtsyzlygyň alamaty saýylmaz. Şonuň bilen birlikde zatlaryň köplügi we baýlyk bagtlydygyňy aňlatmaýar. Muňa garamazdan, käbir ynsanlar ters pikir edýär we «Perwerdigär ynsany synamak üçin, ony ýalkasa we nygmat eçilse, ol derrew: «Hezzet-hormata laýyk bolanym üçin Taňry meni ezizledi» diýer. Rysgyny ýeter-ýetmez edip goýsa, derrew: «Taňrym meni hor etdi» diýer» diýilýär.

Ynsanyň gymmaty onuň başarnygynda, zehininde we beýik ahlak sypatlarynda. Ynsanyň agramy, abraýy onuň egin-eşigi, aýakgaby, öýi-öwzary ýa-da köşgi-saraýy bilen ölçelmän, ylmy-bilimi, aň-düşünjesi, zehini, akyly we adamkärçiligi bilen kesgitlenilýär. «Allanyň ýanynda iň hormatlyňyz siziň takwalaryňyzdyr» diýen söz muňa delildir.

Bu zatlaryň biziň bu söhbedimize dahyllydygynyň sebäbi, ummasyz baýlyk, kaşaň köşk, altyn-kümüş – bularyň hiç biri bagtlydygyňy görkezenok. Hakyky bagt ynamly-imanly, ýazgydyndan razy, gününden göwnühoş, dostlaryndan hoşnut we ak ýüregiň bolmagydyr. Hiç wagt özgeleriň mal-mülkleri we bala-çagalary sizi gyzykdyrmasyn, «Allanyň fazly-merhemeti we Onuň rahmet-mähribanlygy bilen – şady-horram bolsunlar. Çünki Allanyň eçilen her bir nygmat-merhe-

meti olaryň toplaýan mal-dünýälerinden has ýagşydyr» diýen sözleri ýadyňyzdan çykarmaň.

Ýazgyda razy bolup, ýagdaýlara görä hereket etmegi, hyýal bilen däl-de, hakyky durmuş bilen ýaşamagy özüňe endik et. Arzuwlaryňy şoňa öwür we öwrenişdir. Takdyry-täleýi inkär edip, ýaka ýyrtyp, bu zatlara boýun bolmanyňda nämeler edip bilerin öýdýäň?! Ýeri köwüp, onuň çuňlugyna aralaşjakmy ýa-da bir basganҫak bilen asmana dyrmaşjakmy?! Bularyň hiç biriniň peýdasy bolmaz we bu çytraşmalar takdyrda bar zatdan halas edip bilmez. Ýeri onda, bu zatlaryň çykalgasy näme? Onuň ýeke-täk çykalgasy, çözgüdi: Ýazgyda kaýyl bolmak we ýagdaýlara görä hereket etmek.

Durmuşymdaky iň agyr wakalaryň, ömrümdäki iň aýylganç wagtlaryň birini ýatlaýyn. Ussat lukmanlaryň biri keseliniň has beterlemezligi üçin, agamyň elini kesmeli boljakdygyny habar etdi. Bu habary eşidenimde, gulagymyň ýanynda top atylan ýaly boldy. Ýöne men içki pikirlerime basylmadym. Allatagalanyň «Kimdir birine bir bela-musybet ýetse, elbetde, Allanyň izni-ygtyýary bilen ýetýändir. Kim Allaha iman etse, onuň ýüregini dogry ýola salar» hem-de «Bir agramçylyk, musybet gelende: «Biz Allanyň bendeleridiris we bir gün Onuň ýanyna dönmelidiris» diýýän sabyrly adamlara hoş habar aýdyň» diýen sözleri gulagymda ýaňlandy durdy. Bu jümleler, aýatlar maňa uly teselli we ynjalyk berdi.

Ýazgydy yzyna serpikdirmek golumyzdan gelmez, onuň çäresi iman etmek we kaýyl bolmakdyr. Allatagala bir işi hasyl etmek islese, «Bol!» diýer we ol iş hökman hasyl bolar.

Taryhdan bir pursady ýatlaýyn: Hansa an-Naha’ýýýa Kadysyýa jeňinde birbada dört oglunyň şehit bolandygyny habar berýärler. Ol nädendir öýdýäň?! Allaha şükür edip, senalar aýdypdyr. Perwerdigäriň beren ýazgydyna, ömür ahyrynyň gözelligine, şeýle mertebäni ýazandygyna şükür edipdir. Sebäbi olaryň ýüregindäki iman olaryň üznüksiz ýardamçysydyr. Ynam ähli kynçylyklaryň üstünden geçmäge kuwwat berýär. Şunuň ýaly şükür edýän adamlar iki dünýäde hem sogap-sylag gazanýar. Eger şuny şeýtmeseler, olaryň golundan näme gelerdi?!

* 24. Sargyt № 975

Olar ýazgydy üýtgedip bilermidiler?! Gaýta, ýazgytdan nägile bolup, Taňrynyň gahar-gazabyna uçrardylar, gününi-geljegini nägilelik, zeýrenç bilen ötürip, bar ömürlerini (iki dünýälerini) hem hasrata goýardylar. Hadyslarda aýdylýan bir söze ünsüňi çekeýin: «Kim razy bolsa, biz hem ondan razydyrys. Kim nägile bolsa, biz hem ondan nägilediris».

Hernä gowulyk bolsun, ýöne oslamaýan ýeriňden bir ýakymsyz habar aýtsalar, «Pylan ýerde ýangyn boldy», «Pylany heläk boldy» diýen ýaly sözleri ýetirseler, näme ederdiň? Häzirden ähli ýagdaýlara kaýyllygy özüňe werziş etdir, takdyrdan gaçmak hiç hili peýda bermez. Aslynda, ýazgytdan gutulmak mümkin däl. Gowusy, takdyra kaýyl, ýazgyda razy bol. Hakyky ýagdaýy boýun al we kaýyllyk, şükranalyk bilen sogap gazan. Seniň öňüňde şondan başga bähbitli ýol ýok. Dogry, ol ýerde başga ýollar, usullar hem bar, ýöne öňünden duýduraýyn, beýlekileriniň ählisi şu günüňe-de, ahyryňa-da zyýanly. Zelelden doly ol ýol: Bolan işden närazy bolup, janyňy ýakmak, gahar-gazaba münüp, özüňden we özgelerden öýkeli gezmek, dat edip ýörmek... Ýöne bulara derek näme gazanjakdygyňy hem oýlan: Beýle ýagdaýda Perwerdigäriň gazabyna, adamlaryň özüňden daşlaşmagyna, sogabyň köýmegine, günäleriň köpelmegine ýol açarsyň. Üstesine-de, başyňa gelen zat sowulmaz, bela-beter göterilip gitmez we gutulgysyz takdyr hem üýtgemez.

## SUSSUPESLIK (DEPRESSIÝA) – BAGTSYZLYGYŇ ÝOLY

Käbir žurnallardaky maglumatlara görä, ýer ýüzünde 200 million adam sussupeslikden, tukatlykdan ejir çekýär. Sussupeslik Zeminiň magryp-maşrygyny, baýy-garybyny, garaz, ähli älemi gurşap aldy. Bu kesel her kime ýokaşyp bilýär... Aglaba halatda hem bu derdiň soňy pajyga bilen tamamlanýar.

Öz ömrüňe kast etmek hiç bir atdanam, wezipedenem, döwletdenem çekinenok, ol diňe gursagy imandan, ynamdan doly adamlardan gorkýar. Käbir maglumatlar bu derdiň pidalarynyň sanynyň iki ýüz

milliona ýetendigini görkezse, beýleki maglumatlar ýer ýüzündäki her on adamdan biriniň şu howply kesele ýolugandygyny habar berýär.

Has ynjalyksyzlandyrýan ýeri hem, bu dert diňe uly ýaşlylarda däl, ene göwresindäki çagalara hem kast edilmek hetdine ýetdi. Çünki sussupes we ruhy sarsgyna berlen ene göwresindäki perzendine zyýan edýär.

Sussupeslik – heläkçilik gapysy.

«Ýagşylyk ediň! Elbetde, Alla ýagşylyk edýänleri söýýär».

Köplenç, meşhur, tanymal adamlar, esasanam, sungat ugrunda işleýänler bu derde özüni aldyrýar. Mysal üçin, meşhur şahyr Salyh Jahynyň pajygaly ykbalynyň birinji sebäbi hökmünde onuň lapykeç, göwnüçökgün bolandygyny öňe sürýärler.

Akyldarlaryň birinde şeýle söz bar: «Turşy limondan datly şerbet ýasa». «Girdejisini artdyrýan däl-de, ýitgisini gazanja öwrüp bilýän adam akylly we zehinlidir» hem diýilýär. Durmuşdaky her bir ýakymsyz wakanyň gowy we bähbitli tarapyny görjek bolmaly. Nakylda aýdylyşy ýaly, «Diwary süsjek bolmaly däl», ýagny tutanýerlilik bilen ýapyşanyňda hem hiç hili haýyr görmejek bolsaň, oňa ýapyşyp ýatma diýildigi. Şahyrlaryň birinde «Bir işiň hötdesinden gelmeseň, ony goý-da, başga bir başarýan işiňe geç» diýilýär. Ýogsamam, üwelen uny gaýtadan degirmene guý diýmezler. Dynylan, tamam bolan, öň görlen işleri gaýtadan gozgamak we gaýtalamak diňe birahatlyga, tolgunmaklyga we wagtyňy bisarpa ötürmeklige alyp gelýär. «Agaç ýonuşgalaryny gaýtadan ýonma» diýen iňlis nakyly hem şuny tassyklaýar. Bu nakyl ähmiýetsiz, biderek zatlar bilen güýmenip, özlerini tukatlygyň girdabyna oklaýan we lapykeçlige düşeninden soň, öňki ýagdaýynyň, öňki günleriniň gaýdyp gelmegini isleýän adamlara degişli.

Wagtyňy bimany we boş ötürmezlik üçin birnäçe mümkinçilikler, ýagşy işler, salyh amallar bar. Bu işler adamyň ýüregine giňlik salýar. Ýagşylyk etmek, adamlara peýda bermek, hassa-sökelleriň halyny soramak, gonamçylyklara zyýarat etmek, metjit-mekdeplere hemaýat etmek, haýyr-sahawat işlerine işeňňir gatnaşmak,

dost-doganlar bilen didarlaşyp, hal-ahwal soraşyp durmak, öý-içerini, kitaplaryňy tertiplemek, peýdaly sport oýunlary bilen meşgullanmak, garyp-gasarlara, ejiz-mätäçlere, garry we dul adamlara ýardam edip durmak sogaby bimöçber we ýüregi giňeldýän amallardyr. «Ýagşylyk ýaly gözel zat görmedim: Tagamy süýji, görki ajaýyp» diýen sözler arap şahyryna degişli.

Başy dertli, gaýgy-gamly, aladaly adamlary tapjak bolsaň, tanajak bolsaň, taryhy eserleri oka. Munça kelamdan soň men saňa gaýgy-hasrata düşen adamlaryň ykbalyndan söz açaýyn. Diňle we many al hem-de kynçylyklar bilen taplanyp, beýgelip bolýandygyna aýratyn ähmiýet ber. Arap şahyrlarynyň biri: «Taryhy oka, ol ýerde many kändir. Taryhy okamaýan adam ýolundan azaşan haýwandyr» diýip ýazýar. Gurhany-kerimiň hem birnäçe ýerinde taryhy kyssalary okamak ündelýär: «Size pygamberleriň habaryndan ýüregiňizi kuwwatlandyrýan kyssalary aýdyp berýäris we bu kimselerde size hakykat we pent-nesihat hem-de barça möminler üçin ýatlatmalar geler», «Hakykatdan hem, olaryň kyssalarynda akyl eýeleri üçin many-ybrat bardyr» , «Olaryň oýlanmaklary üçin şu kyssalary aýdyň».

Hezreti Omar: «Durmuşdaky ähli islegim ýazgydymda bar zatlardan lezzet almakdyr» diýýär. Perwerdigäriň ýazan takdyrynyň onuň üçin süýji ýa-da ajydygyna garamazdan, ol ýazgydyndan razy we hoşal. Käbir akyldarlaryň şu manyda aýdan sözi bar: «Haýsy bedewde çapýanlygyma parh edemok: Garyplyk bolsa, sabyr edýärin. Baýlyk bolsa, şükür edýärin. Ikisiniň hem ahyry gözel». Taryhy maglumatlara görä, halkyň başyna düşen agyr gyrgyn zerarly, bir ýylda Abu Zueýb ad-Dueliniň sekiz perzendi dünýäden ötüpdir. Ol nähili bolandyr öýdýäň, takdyra boýun sunup, ähli işini-ýagdaýyny Perwerdigäre tabşyrypdyr. Taňry kazasyny kaýyllyk bilen kabul edipdir. Onuň ýazan setirleri şeýle ýaňlanýar:

«Zamananyň işlerinden köňlüm bozulmaz,
Sabrym kalbyma teselli berer.
Takdyr öz dyrnagyny sanjanda,
Haýsy doga-tumar peýda berer?!».

Alladan bidin çöp başy gymyldamaz. Bende başyna näme gelýän bolsa, ondan Allanyň habary hem, oňa Allanyň ygtyýary hem bardyr.

Meşhur alymlaryň biri Ibn Abbasyň gözi görmekden galanda, özüni şeýle sözler bilen köşeşdiripdir:

«Perwerdigär gözlerimden nuruny alsa-da,
Ol nurlar, ol gözler kalbymda bardyr.
Kalbym, aklym-aňym düşbi bolsa,
Gylyç deý kesgir sözler dilimde bardyr».

Bu az zady ýitirmek bilen özüňde bar bolan beýleki köp nygmatlara kanagat etmekligi, şükür etmekligi aňladýar. Onsoňam, ýitiren zadyňa sabyr etmek bilen gazanylýan ummasyz sogap hem adamy hoşal etmelidir.

Agyr ýara zerarly Urwa ibn az-Zübeýriň bir aýagy kesilmeli bolupdyr. Hut şol gün onuň bir ogly hem dünýäden ötüpdir. «Perwerdigärim, her edeniňe şükür. Alýanam sensiň, berýänem. Derde salýanam sensiň, sagaldýanam. Dört agza berdiň, birini aldyň. Dört ogul berdiň, birini aldyň. Ähli halda Saňa şükürler bolsun!» diýipdir. «Hak ýoldaky kynçylyklara sabyr-takat edeniňiz sebäpli, size dynçlyk-asudalyk bolar».

Düreýdiň dogany Abdylla ibn as-Summa jeň meýdanynda wepat bolupdyr. Doganyny goramak üçin elinden gelen ähli zady edendigine garamazdan, hiç bir hiläniň, çäräniň takdyrdan halas edip bilmeýändigine akyl ýetiripdir.

Başy gowgaly, matamly adamlara Şapygy hezretleriniň goşgusy teselli berýär:

«Goý, günler islänini etsin, Başa bela inse, özüňi rahat tut (kaýyl bol).

Zeminde kimiň üstüne kaza inse, Asman-zemin ony gaýtaryp bilýän däldir».

Şahyr Abu al-Atahyýanyň setirlerini ýatlasym gelýär:

«Ençeme gezek ýakymsyz wakalar daşyňy aldy. Ilkibaşda halamadyň, emma Alla seniň üçin haýyrlysyny saýlady».

Oýlanyp görüň, näçe gezek ölümden gorkduk, ölmedik?!

Näçe gezek bu ömrüň ahyrydyr, soňudyr diýip güman etdik, emma ol gaýtadan dönüş, täzeden güýç toplaýyş, dowamat ekendigini bildik.

Näçe gezek ýörejek ýollarymyz daraldy, umyt ýüplerimiz üzüldi, gözýetimler garalyp göründi, birdenkä-de ýeňiş, üstünlik, haýyr we hoş habar bolup çykdy. «Allanyň Özi sizi ol belalardan we barça gamlardan halas eder».

Näçe gezek dünýämiz garaldy, giň Ýer bize dar göründi, soň görüp otursak, bular diňe ýaýbaň haýyr, ýakymly ýeňillik we Ýaradandan goldaw bolup çykdy. «Allanyň beren derdini Onuň özünden başga bejerýän (dep edýän) ýokdur».

Allanyň ähli zatdan üstündigini bilýän adam, özgeleriň emelinden, işinden neneňsi howatyr edýärkä? Ähli zadyň Alladan pesdigini, ejizdigini bilýän adam, neçün ejizleriň piriminden çekinip, dowla düşýärkä? Alladan gorkýan adam, näme üçin beýlekilerden hem gorkýarka?

Ibn Kesiriň Gurhana beren tefsirinde şeýle hadys getirilýär: «Bendäm diňe menden delalat islese, asman-zemin gapyşsa-da, oňa bir çykalga bererin. Eger bendäm, menden özgelerden tama etse, onda dabanynyň astynda ýeri hopdureryn». Ymam ibn Teýmiýäniň aýtmagyna görä, «Alladan başga hiç kimde güýç-kuwwat ýokdur» diýen söz bilen ýükler aýrylar, gorkular ýatyşar we ajaýyp hal-ýagdaýlara ýetiler» diýýär. Bu sözleri unutma, çünki ol uçmah hazynalaryndan bir gençdir. Bagtyýarlygyň bir bendidir, rahatlyga eltýän bir ýoldur we ýüregiň giňligidir.

***



# DURMUŞY ÖWREDÝÄN TYMSALLAR

(*Arap dilindäki dürli çeşmelerden alnan*)

## IŞE IŞGÄR BOLUP ÝAPYŞ

Ylma höwesek jomart baýlaryň biri döwrüniň tanymal sopusyny görmek we ondan maslahat almak üçin ir säherde ýola şaýlanyp, sopularyň bolýan hanakasyna barypdyr. Giň howlynyň içinde odun çapyp duran gojadan başga janly-jemendä gözi düşmändir. Baý şol gojanyň ýanyna baryp: «Bu hanaka örän uly ekeni. Maňa ussat pir gerekdi. Men ony nireden tapyp bilerin?» diýip sorapdyr. Goja daş-töweregine seredipdir. Soňra birsellem gözlerini ýumup durşuna, pikirini ýaňzydypdyr:

– Edil häzir-ä ony hiç ýerdenem tapyp bilmersiňiz.

Baý adam bu jogaba ör-gökden gelipdir:

– Näme, ol uzak bir ýere ýola düşdümi? – diýip, geň galyjylyk bilen sorapdyr.

– Ol hiç ýere-de gidenok. Ol siziň öňüňizde odun çapyp dur. Odun çapýan adam pir däl-de, odunçydyr. Eger size goja pir gerek bolsa, hanakaň içine giriň we şol ýerde garaşyň. Pir sizi hökman kabul eder – diýipdir.

Baý bu gojanyň nämeler aýdýandygyny oňly saýgarmasa-da, «garaşyberiň» diýen sözi eşidensoň, aýdylan ýerde irikge bolup durupdyr. Bir haýukdan soňra goja ussat pir lybasynda onuň öňünden

çykyp, baýy garşylapdyr. «Gullugyňyza taýýar. Näme hyzmat?» diýip, goja pir oňa ýüzlenipdir. Baý bu pir bilen elleşip görşüpdir, ýöne pir eşigine girse-de, onuň ýaňky odunçydygyny ýüzünden tanapdyr. «Size hormatym bolsun, nähili soraglaryňyz bar?» diýip, goja pir gürrüňi dowam edipdir. Baý: «Size berjek soraglarym örän köp, ýöne mundan öň başga bir zady anyklasym gelýär. Siz ýaňky odunçy dälmi näme?» diýipdir. Goja pir: «Ýok, men häzir ol odunçy däl. Indi ýagdaýlar üýtgedi. Men bu wagt ýönekeý adam we şu hanakanyň ussady. Biziň ýüzümiz meňzeşem bolsa, ol odunçydy, men bolsa ussat» diýip, jogap beripdir. Baý bu ýagdaýa geňirgenipdir, hiç düşünip bilmändir. Öýüne geleninden soňam bu hakda kän pikirlenipdir. Ahyry hyzmatkärini çagyryp, bolup geçen wakalary gürrüň beripdir. Hyzmatkär hiç zat bolmadyk ýaly jogap beripdir: «Bu ýerde geň galarlyk ýagdaý ýok. Odunçy hem, ussat hem şol bir adam. Ýöne ol odun çapanda, işe hakyky odunçy bolup girişýär. Ders berende, sapaga hakyky ussat bolup girýär. Her amala özüni tutuşlygyna bagyş edýär» diýipdir.

Ynsan haýsy işe ýapyşanda hem durky-düýrmegi bilen şoňa berilmegi başarmalydyr.

## HIÇ KIM ÝAZGYDY ÜÝTGEDIP BILMEZ

Serkerdeleriň biri agyr ýygyn bilen gelen duşmana garşy çykmak üçin esgerlerini söweş meýdanyna çykarypdyr. Duşmanlaryň sany bularyňkydan ep-esli agdyk ekeni. Äpet manjanyklar, gorkunç naýzalar, hatar-hatar piller we düýeler esgerleriň has-da howuny basypdyr. Serkerde bu duşmany ýeňjekdigine ynansa-da, esgerler dowla düşüp, birneme ejizläp başlapdyr. Goşunyň ruhy ýagdaýyny sazlamak, olary söweşe ruhlandyrmak üçin, serkerde şol ýerdäki bir okumyş adamy ýanyny çagyrypydr. Esgerlerini töweregine jemläpdir. «Esgerler! Hiç kim ýazgydy üýtgedip bilenok. Ine, meniň elimde tylla şaýlyk bar. Onuň bir ýüzünde ok-ýaýyň suraty, beýleki ýüzünde iki tarapa bakyp duran laçynyň suraty bar. Goý, aramyzdaky iň okumyş adam bu şaýlygy göge sülsün. Eger şaýlyk ok-ýaýly ýüzüne düşse,

biz hökman ýeňeris. Takdyr biziň tarapymyzda bolar. Eger laçyn guşly tarapyna düşse, onda biz ýeňleris, belki, uruşmagyň hajaty hem bolmaz» diýipdir. Okumyş adam tylla şaýlygy göge sülüpdir we aýasyny açyp görkezipdir: Ok-ýaý. Diýmek, ýeňiş biziň tarapymyzda bolmaly. Esgerler bu yryma şeýle bir ruhlanypdyrlar, duşmana sary at goýup, olary kül-peýekun edipdirler. Ummasyz olja eýe bolupdyrlar. Yzlaryna gaýdyşyn esgerleriň biri serkerdäniň ýany bilen gelýän ekeni. Ol serkerdä bakyp: «Dogrudanam, ýazgydy hiç kim üýtgedip bilenok ekeni. Biz az sanly bolubam, sany bimoçber, agyr ýygyndan üstün çykdyk» diýipdir. Serkerde: «Hawa, ýazgydy hiç kim üýtgedip bilmez» diýip ýylgyrypdyr-da, esgerlerini söweşe ruhlandyran tylla şaýlygyny aýasynda ýene bir töwra gysymlapdyr: Şaýlygyň iki ýüzünde hem ok-ýaýyň suraty bardy.

## KÄKILIGIŇ GÜWÄLIGI

Ir döwürlerde ýol urup ýören galtamanlaryň biri kerweniň öňüni bekläpdir. Ählisiniň goş-golamlaryny talapdyrlar, kerwendäkileriň bolsa ganyna galmak üçin, südenekledip başlapdyrlar. Kerwenbaşy bu galtamanlara özelenip ýalbarypdyr, «Her kimiň yzynda bala-çagasy, gözüni dikip oturan perzentleri, ene-atalary, söwer ýarlary bar. Zadymyzy alsaňyzam, janymyzy halas ediň» diýipdir. Emma birehim galtaman it ýylgyryşyny edipdir, gözlerinde welin, bir zerre şepagat ýylpyldysy peýda bolmandyr. Hernäçe ýalbarsa-da, bolmajagyna gözi ýetensoň, kerwenbaşy baýryň depesindäki iki sany käkiligi görkezip, «Goý, onda ho-ol duran iki käkilik siziň adalatsyzlygyňyzyň, zalymlygyňyzyň şaýady bolsun» diýipdir. Galtamanbaşy bu ýagdaýa hahahaýlap gülüpdir, «Haý, sen-ä paňkelle ekeniň, heý-de käkiligem bir şaýat tutularmy?» diýipdir we olara zabun darap, oljalary sürüp äkidipdirler.

Aradan birnäçe ýyllar geçipdir. Bir gün şol sebitiň sözi ýörgünli emiri uly toý tutupdyr. Hemmeleriň hökman toýa görünmegini towakga edipdir. Uludan saçak ýazylypdyr. Ýaşlygynda ýol urup

ýören şol galtamanbaşy hem toýda bar ekeni. Dürli-dümen naz-nygmatlar orta goýlupdyr. Datly tagamlar, süýji naharlar, göwün küýsän zatlaryň tapdyryp duran eken. Şol wagt saçaga iki sany gowrulan käkilik getiripdirler. Bu käkilikleri görüp, galtamanbaşy ýene gülmäge başlapdyr. Emir bu ýagdaýa geň galypdyr, onuň sebäbini sorapdyr. Galtamanbaşy: «Ýaşkam ýol urup ýörkäm, bir kerwene sataşdyk. Şonda kerwenbaşy «Malymyzy al, janymyza degme» diýip, hernäçe ýalbarsa-da, üns bermändik. Şonda ol tentek baýryň depesindäki iki sany käkiligi görkezip, «Şu ikisi bize şaýat bolsun» diýipdi. Şu wagt iki sany käkilik gördüm-de, şony ýatlaýdym» diýip, gülküsini dowam edipdir. Emir bu zalymlyga sebäp bolan galtamanbaşyny, onuň ähli hemşerilerini tutdurypdyr we jezalandyrypdyr. Hudaýyň adalaty hasyl edişine haýran galypdyr.

## KÄŞIR, ÝUMURTGA WE KOFE DÄNESI

Ýaş gyzlaryň biri kakasynyň ýanynda durmuşda duş gelýän käbir kynçylyklary ýeňmegiň kynlygyndan zeýrenipdir. Olara garşy durardan ejizdigini, boýun bolmakdan başga çykalgasynyň galmandygyny, her bir zada janyny ýakyp ýörmekden irendigini aýdypdyr. Kakasy gyzyny aşhana çagyrypdyr, sebäbi ol aşpez bolup işleýän eken. Ol üç jamy suwdan dolduryp, gyzgyn oduň üstünde goýupdyr. Dessine üç tabagam gaýnap başlapdyr. Kakasy birinji jama käşir, ikinjisine ýumurtga, üçünjisine birnäçe kofe dänelerini atypdyr. Soňra gyzyna bakyp: «Hawa, nämeleri görýärsiň?» diýip sorapdyr. Gyzy: «käşir, ýumurtga we kofe...» diýip jogap beripdir. Kakasy bu jogap bilen çäklenmändir, käşiri elläp we dadyp görmegi gyzyndan sorapdyr. Gyzy kakasynyň diýenini edipdir. Ol käşiriň gaýnap mazaly bişendigini we bişmekden ýaňa salparandygyny bilipdir. Soňra ýumurtganyň gabygyny aýyrmagy tabşyrypdyr. Ýumurtganyň içi agy ak ýerinde, sarysy sary ýerinde gatapdyr. Soňra kofe dänelerini barlap görmegi sorapdyr. Gyzy ajaýyp tagamly kofäni başyna çekipdir. «Men bularyň ählisinem dadyp gördüm, ýöne bulary synamak

bilen meniň meselämiň näme dahyly bar?» diýip, gyzy dillenipdir. Kakasy gyzynyň başyny sypalap: «Gyzym, käşir, ýumurtga we kofe üçüsi şol bir garşylygy gördi. Şol bir gyzgynlykdaky gaýnag suwda deň mukdarda saklandylar. Ýöne olaryň hersi bir-birinden tapawutly ýagdaýa geçdiler, özgerdiler. Görmeýärmiň, käşir ilkibada berk, ter we güýçlüdi, ýöne az-kem suwda gaýnany bilen, myssaryp galdy, ejizledi. Ýumurtganyň daşky gabygy içindäki suwuklygy şol durşuna saklaýardy, ýöne şol suwuklyk gaýnag suwuň gyzgynlygyna uçranda, suwuklygyny ýitirip, gatap galdy. Kofe dänelerine seret, ol öz tagamyny birjik-de ýitirmedi, gaýta suwuň öz reňkini we tagamyny üýtgetmegi başardy. Hany, sen aýt, eýsem-de sen daşyndan ter we sagdyn görünýän, ýöne sähel gyzgynlyga, dartgynlylyga, kynçylyga döz gelmän, dessine myssarýan, güýjüni, erkini giderýän käşirmi? Ýa-da sen ýumşak göwünli, ak ýürekli.., ýöne müşgillikler gabat gelende gataýan we berkeýän, gatap galýan ýumurtgamy? Edil ýumurtganyň daşky gabygyny-daşky keşbini üýtgetmeýşi ýaly, daşyňdan göräýmäge allanäme bolsaňam, suw ýaly ýüregiň gatap galýan ýumurtgamy? Ýa-da sen yhlasy, zandy-tebigaty bilen suwuň özüni özgerdýän kofe dänelerimiň? Görmeýärmiň, ol suwuň özüne hem reňk, hem tagam berdi» diýipdir. Eger sen kofe däneleri ýaly bolsaň, duş gelýän her bir ýagdaýy we töweregiňdäki ýagdaýlary hem has gowulyga tarap özgertmäge ukyply bolarsyň. Oýlan, gyzym» diýipdir.

## HALAS EDILENINE DEGÝÄN ÖMÜR

Humam on dört ýaşyna ýetende kakasy ony ýany bilen uzak ýere gezelenje alyp gidipdir. Ýol şaýlaryny kemsiz tutup, barmaly şäherine ullakan gämi arkaly aşmalydyklary üçin, kenarýaka şäherine gelipdirler. Olar gämi duralgasyna ýetipdirler. Ýolagçylar ýerli-ýerine geçenlerinden soň, gämi ýüzüp başlapdyr. Humamyň ene-atasy garbanmaga oturypdyr. Bilesigelijiligi we özüneçekiji deňiz täsinligi Humamy gäminiň gyrasyna alyp gelipdir. Ol asman bilen zeminiň utgaşýan gök reňkine haýran galyp seredipdir. Töweregi synlapdyr,

gämiden boýnuny uzadyp, deňziň içine göz aýlapdyr. Şeýdip durka, ol birdenkä gereginden artyk eglip, gämiden aşak gaçypdyr. Ol sesiniň ýetdiginden «Kömek ediň, kömek ediň» diýip gygyrypdyr. Şol töwerekde duran ýaşy ellä golaýlan syýahatçylaryň biri halas ediş gursakçasyny geýip, derhal özüni deňze oklapdyr. Baryp, bir eli bilen Humamy saklap, beýleki eli bilen gämä tarap ýüzmäge başlapdyr. Muňa çenli gäminiň öz işgärleri hem gelip ýetişipdir. Şeýdip Humam sözüň doly manysyndaky göni gelen bir beladan aman sypypdyr. Halas edilen badyna, Humam ene-atasynyň ýanyna baryp, olardan ötünç sorapdyr. Soňra minnetdarlyk bildirmek üçin halasgärini gözläp başlapdyr. Ol öl-myžžyk bolan eşigi bilen bir sütüne arkasyny diräp oturan eken. Humam onuň ýanyna baryp: «Men size nähili minnetdarlyk aýtjagymy bilemok, Siz meni ölümden halas etdiňiz, taňryýalkasyn!» diýipdir. Ol adam Humama garap: «Eý, oglum, men diňe ýekeje zady arzuw edýärin, ol hem – seniň galan ömrüň seni halas edenime degewersin» diýipdir. Humam bu sözleri ömür boýy ýadyndan çykarmandyr. Ýogsam-da men sizdenem sorap göreýin: siziň ömrüňiz bir halas edilenine degýändir-ä hernä? Sen bu durmuşda üstünlikleriň aşagyna öz barmak yzyňy goýmak üçin ýaşaýansyň-a? Durmuşy has gözelleşdirmek üçin yhlasyňy gaýgyrmajakdygyňy ýüregiňe düwensiň? Gowy zatlary başlasyň gelýärmi, şu günden, şu pursatdan başla. Özgermek we özgertmek üçin ýol kändir, ýöne garaňkylyga müň gezek gargynanyňdan, ýagtylyk üçin ýekeje şem ýakmak haýyrlydyr.

## BAGTYŇ BAHASY

Siz ýaşap ýören bagtly durmuşyňyzyň gadyr-gymmaty hakda pikir edip gördüňizmi?

Ýatara-turara jaýyň, demiňi-dynjyňy alara öýüň, ojagyňda gaýnap duran naharly gazanyň, öýüňde ýorgan-düşegiň, egniňde birlaý egin-eşigiň bar bolsa, onda sen baýsyň.

Kisäňde geregiňi alara puluň, sandygyňda günüňi aýlara gazanjyň bar bolsa we şonuň ujundan hem gyssagly günüň üçin az-owlak süýşürip bilýän bolsaň, onda sen baýlaryň birisiň.

Bu gün irden sag-aman ören bolsaňyz, siz uly nygmata eýesiňiz.

Öý-iliňiz abadan, ýurduňyz asuda bolsa, uruş tüssesi gözüňizi awatmadyk, pitne gowgasy ýüregiňizi ajatmadyk bolsa, garaňky zyndanlarda tenhalyk tagamyny datmadyk bolsaňyz, onda siz bagtlysyňyz.

Mekdeplerde ine-gana bilim alýan bolsaňyz, metjitlerde arkaýyn namaz okaýan bolsaňyz, ýolda-yzda her kesden arkaýyn gezýän bolsaňyz, nähak daralma gorkusy ýok bolsa, onda siz bagtlysyňyz.

Ene-atalaryňyz, çagalaryňyz, maşgalaňyz bilen bir ojakdan agzybir örýän bolsaňyz, onda siz Biribaryň ýalkan bendeleriniň birisiňiz.

Ýürekden ýylgyryp bilýän bolsaňyz, nygmata şükür edýän bolsaňyz, diýmek, siz tapylgysyz nygmatyň başynda otyrsyňyz. Dünýäde millionlarça adam, bu ýagdaýy islese-de, başaryp bilýän däldir.

Siz ýene-de köp zatlar hakda oýlanyp, näderejede uly bagtlydygyňyza göz ýetirip bilersiňiz.

Eger şu ýazgylary okan we oňa düşünen bolsaňyz, onda siz «okamak we düşünmek» diýen iki sany uly nygmata eýesiňiz. Eger siz şu ýazgylary okan bolsaňyz, onda dünýädäki okap-ýazyp bilmeýän adamlardan bagtlydygyňyzy ýadyňyzdan çykarmaň!

## ÖZÜŇI KÄMILLEŞDIR!

Işine gümra bolup oturan kakasynyň nazary birdenkä kompýuteriň başynda käýinjiräp oturan ogluna düşüpdir. Körpe ogul nämedir bir zada gaharlanyp, «Näme üçin meňki bolanok-ka?» diýip, çyny bilen güýmenjesine çümen ekeni. Kakasy oglunyň ýanyna barypdyr: «Seni biynjalyk edýän zat näme? Haýsy zat bolman dur?» diýip sorapdyr. Oglanjyk kompýuterdäki oýnuny görkezip: «Men häliden bäri kompýuterde futbol oýnap otyryn. Ýöne, her näçe çytraşsam-da, ine, şu topary utup bilemok. Oýnuň sazlamalaryna girip, şol toparyň

oýunçylarynyň güýjüni peseltsem, belki, maksadyma ýeterin» diýip, ogly kakasynyň ýüzüne bakypdyr. «Utulýan bolsaň ýa-ha olar senden ökdedir, ýa-da sen heniz nähili oýnamalydygyny doly öwrenen dälsiň, özleşdiren dälsiň. Sen öz ýeňlişiňi boýun alasyň gelenokmy?» diýip, kakasy sözüni dowam edipdir – ýöne her gezek utulanyňda hyrçyňy dişläp durmaly däl. Darykdygyňça, pikirleniş ukybyň hem daralar. Hemmelerden nämedir bir zat öwrenip bolýar. Utmak üçin bolsa, mekirlige ýüz urmak gowy däl ahyry. Şu wagt kompýuter oýnunda şeýtseň, durmuşda hem hemme zady şeýdip düzedip bolar öýdüp pikir edersiň» diýipdir. «Men bu ýerde hiç hili hilä ýüz urmadym, onsoňam bu bir ýöne oýun ahyry, men diňe olaryň güýjüni peseltsem ýeterlik, şonda utup bilerin. Eger-de sazlamalarda şeýle mümkinçilik bar bolsa, ony ulanmaga hem ygtyýarymyz barlygy» diýip, ogly hem öz raýyndan gaýtmandyr. «Eger-de sazlamalaryna girip, oýunçylaryň güýjüni peseldip, artdyryp bolýan bolsa, gel, bu işe başgaça çemeleşeli. Biz öz güýjümizi, akylymyzy, yhlasymyzy garşydaş toparyň güýjüni peseltmäge däl-de, öz toparymyzyň ukyp-başarnygyny, güýç-gaýratyny artdyrmaga gönükdireli. Üstesine-de, oýnuň käbir inçe tilsimlerini hem öwreneli. Şeýtsek, biz bu oýny halal utdugymyz bolar» diýip, kakasy ogluna bu meselä başga burçdan bakmagy öwredipdir. Ogly kakasynyň bu sözlerini eşidip, begenjine makullamak bilen baş atypdyr. Kakasy ýylgyrypdyr-da: «Biz käteler nämedir bir zatdan asgyn gelip, aljyran halatymyzda, kelebiň ujuny ýitirip, ters tarapyndan barmaga endik etmeli däldiris. Has uly utuş gazanmak üçin energiýamyzy bäsdeşimiziň güýjüni peseltmäge däl-de, öz güýjümizi artdyrmaga sarp etmelidiris» diýipdir.

## ZEHINI YHLAS AÇÝAR

Okuwçylaryň ählisi nämedir bir zada meşgul bolsa-da, aralarynda biri hiç zada güýmenmän, gözüni bir nokada dikip oturan ekeni. Mugallym ol okuwçydan hiç zada baş galdyrman oturmagynyň sebäbini sorapdyr. «Sen näme üçin boş otyrsyň? Sapagyň ahyrynda

kimde nähili zehiniň bardygyny ýüze çykararys. Ýasan ýa-da ýazan zadyň muňa tutaryk, makul jogap bolar. Henizem giç däl, başla!» diýip, mugallym onuň ýüzüne bakypdyr. «Ýoldaş mugallym, mende hiç hili zehin ýok. Men diňe tabşyrylan ýumşy ýerine ýetiräýmesem, kimdir biriniň ünsüni çeker ýaly ukyp-başarnygymyň ýokdugyna göz ýetirdim. Menden köp zada garaşmaň» diýip, müýnli ýüzüni aşak salypdyr. «Bu mümkin däl. Ýa sen zehinli, ýa-da dünýäde hiç kime meňzemeýän ýeke-täk adam» diýip, mugallym okuwçysynyň ýüzüne seredipdir. «Ýeke-täk diýýäňizmi? Nädip men ýeke-täk bolýarkam?» diýip, okuwçy geňirgenipdir. «Sebäbi dünýäde zehinsiz dogulýan çaga ýok. Her kimde nähilidir bir zada ukyp-zehin bar. Her ynsan bir daragtdyr: ýa saýasy bilen hezil berer, ýa-da miwesi bilen. Eger-de sen häzire çenli özüňi zehinsiz hasaplan bolsaňam, bu seniň gömükdigiňi däl-de, öz ukyp-başarnyklaryň hakda düýpli pikirlenmändigiňi görkezýär» diýip, mugallym okuwçysynyň başyny sypalapdyr. «Tebigaty synlaýaryn-da, bir zatlar ýazmak isleýärin. Elime galam alýaryn, ýöne sözlerimi sepläp bilmän, bu pikirimden sowaşýaryn: mende ýazmaklyga zehin ýok diýýärin. Käteler bir zatlar düzesim, ýasasym gelýär. Gerek-ýarak zatlarymy jemleýänem, ýöne başlamagyň ebeteýini tapman, ýa-da bir başlasamam, ugrugyp bilmän, ol pikirimden hem dänýärin: mende zehin bolan bolsa, ol zatlary bireýýäm bitirerdim diýýärin» diýipdir. «Düşnükli» diýip, mugallym ýylgyrypdyr we sözüni dowam edipdir – onda sen özüňde zehin ýoklugyndan zeýrenme-de, bir işe uzak dümtünip bilmeýändigiňi, sabyr-kanagatyň azdygyny boýnuňa al. Ukyp-zehin gymmatbaha göwherler ýalydyr. Göwher daşlaryny gazanmak isleseň hem ýa daglary köwlemeli, ýa-da çuň deňizleriň düýbüne çümmeli bolýar. Zehini ýüze çykarmagyň ýoly hem hut şeýle – öz üstüňde köp işlemeli. Yhlas etmeli, ýöne ýaltanmaly däl. Dyrjaşmaly, hergiz yza dönmeli däl. Arzuwlaryňa wepaly bolmaly, sähel müşgillik ýüze çyksa, ondan ýüz öwürmeli däl. Bir zada höwesiň barmy, diýmek, şol zada zehiniň hem bardyr. Sebäbi zehin seni şol işi bitirmeklige iterip durýar. Onsoňam, az bolsun – uz bolsun, her eden işiňi kämil ýerine ýetir. Ýalňyş ýolda keýik deýin çapanyňdan, dogry ýolda pyşdyl ýaly

ýöräp, öňe ilerlemek has dogrusydyr» diýipdir. Mugallymyň bu sözleri okuwçysyna ýagşy ugrukdyryjy bolupdyr. Ol dessine öz halaýan işini – zehiniň höwes arkaly salgy berýän işini bitirmäge girişipdir.

## DURMUŞ SAPAGY

Bir adamyň dört sany ogly bar ekeni. Kakasy olara hem öz hereketi, hem-de pähimli sözleri bilen öwüt-ündew berer ekeni. Bir günem ol ogullaryna durmuşyň her menzilinde, dürli pursadynda peýdasy degjek bir sapagy bermek isläp: «Hiç wagt howul-hara netije çykarmaň we ýagdaýlara ýüzleý seretmäň» diýipdir. Ol dört ogluny hem ýanyna çagyrypdyr: «Şu ýerden ençeme menzil uzaklykda, pylan ýerde äpet bir daragt ösüp otyr. Şol daragty oňat synlaň we ol hakdaky pikiriňizi aýdyň» diýip sargapdyr. Ogullaryň dördüsi hem uzak ýola rowana bolupdyrlar. Hersi öz saýlan ýoly, öz ugry bilen gidipdir. Ýylyň ahyrynda ählisiniň başy jem bolanda, kakalary olardan gören zatlary hakda, esasanam, şol äpet daragt hakda gürrüň bermeklerini sorapdyr. Uly ogly: «Ol agaç betgelşik we gury bir zat ekeni» diýipdir welin, ikinji ogul ör-gökden gelipdir: «Goýaweri, asla beýle däl, ol daragt-a ýaşyl ýapraklara çümüp otyr» diýipdir. Üçünji ogul hem bularyň gürrüňlerine geň galypdyr: «Siz başga ýerdäki daragtyň gürrüňini edýäňiz öýdýän. Men görenimde-hä ol daragt owadan güllere basyrynyp, töwerege gelşik berip duran ekeni. Gülleriniň hoşboý ysy bolsa her kimsäniň göwnüne hoş ýakýardy» diýipdir. Körpe ogul öz sözleri bilen bu daragtyň gürrüňini jemläpdir: «Ol daragtyň datly-datly miweleri bar. Saýasynda düşlän adamlar süýji miwelerinden iýip, dem-dynçlaryny alyp, onsoň ýola düşýärdiler» diýipdir. Şol bir daragt hakynda her ogluň biri-birinden parhly pikirleri bar ekeni. Kakasy ogullarynyň gürrüňlerini diňläpdir we munuň hikmetini düşündiripdir: «Siziň her biriňiz ony dürli pasylda görüpsiňiz. Uly oglum gyş paslynda görüpdir, ikinji oglumyň gürrüňi ýazdan habar berýär. Üçünji oglum tomusda baran bolmaly. Körpe oglum bolsa hasylly güýzde görüpdir. Hut şonuň üçin hem her bir daragta ýa-da her bir şahsa baha berjek bolsaňyz, onuň diňe hut şol möwsümdäki

ýagdaýyna görä baha beriň. Diňe gyşdaky ýagdaýyny görüp oňsaňyz, bahardaky owadanlygyny, tomusdaky saýalaryny we güýzdäki miwelerini görmezlige saldygymyz bolar. Beýtsek, olar hakda dogry-sagdyn düşünjä eýe bolmarys» diýipdir.

Diňe bir şahs ýa daragt babatynda däl, durmuşyň her pursadynda hem şundan ugur almak gerek: ömrüňizdäki birje ýagdaýlara esaslanyp, tutuş durmuş ýa-da geljek hakda kesgitli netije çykaryp bolmaz. Gyş ýaly görünýän käbir ýagdaýlaryň yzyndan bahar jemally bagtyň gülüp bakýandygyny ýadyňyzdan çykarmaň.

## ENE ÝÜREGI

Şol gün işden çykanymda öýlänçi geldi-de, dünýäni suw-sil etdi. Üst-başym mazaly ezilipdi. Öýe girenimden doganlarym: «Saýawanyňy ýadyňdan çykarmaly däl ekeniň» diýip igendiler. Garry enem we atam hem olaryň hörpünden gopdy: «Ýagyş diňýänçä garaşyp, soňra ýola çykaýmaly ekeniň» diýdiler. Kakamam öz gezeginde igesini sürtüp galdy: «Ýagşa ezilip, dümewlärsiň welin, bu bolşuň ýaramazdygyna şonda düşünip galarsyň» diýdi.

Şol wagt ejem ýanyma geldi we suwy sarkyp duran saçlarymy sypalap: «Oglum öýe gelýänçä ýagyş birazrak garaşaýmaly dälmi?» diýdi.

Ine, ene ýüregi şeýle bolýar.

## GÖRÜP BILMEK

Mugallymlaryň biri öz talyplaryndan dünýäniň ýedi täsinligi hakdaky pikirlerini bilmek isläp, özleri üçin ileri tutýan ýedi ajaýyplygynyň adyny ýazmagy talap edipdir. Pikirler dürli-dürli we hatda umumy kabul edilenlere hem çapraz çykypdyr. Hindistanyň Täçmahaly, Müsür piramidalary, Hytaý diwary, Panama kanaly, Kolorado jülgesi… tertip babatda hem hersi dürli orunlarda bolupdyr. Mugallym umumy pikiri jemlemek üçin talyplaryň ýazgylaryny ýygnap başlanda, bir talyp gyzyň heniz ýazyp bolmandygyny görüpdir. «Belki, saňa kömek ederis?!» diýip, mugallym dillenipdir. «Ýoldaş

* 25. Sargyt № 975

mugallym, dünýäniň ajaýyplygy kän, ýöne şolaryň arasyndan has ajaýybyny saýlap otyryn. Şu sözümi ýazsam, pikirimi jemleýärin» diýip, mugallymdan haýyş edipdir. Soňra mugallym ondan ýazan zatlaryny okamagy sorapdyr. Talyp gyz bir salym ikirjiňlenip duransoň: «Meniň pikirime görä, dünýäniň ýedi ajaýyplygy: görmek, eşitmek, galtaşmak (degme), tagam duýup bilmek, duýmak, gülmek we söýmek» diýip, jogap beripdir. Okuw otagyna ümsümlik aralaşypdyr, hatda ol wagt halynyň üstüne gaçan iňňäniň sesini hem eşidip boljak ekeni. Talyplaryň hiç biri bu pikiri inkär etmändir. Gyz sözüni dowam etdiripdir: «Biz bu zatlaryň ählisini özümizde bilip ýöremizsoň, olara endik edemizsoň gymmatyny duýmaýarys. Aslynda welin, ähli ýedi ajaýyplyk şolardyr. Çünki bulary el bilen gurup bolmaz, pul bilen satyn alyp bolmaz» diýipdir.

Dogrudanam, dünýäniň ajaýyplygy kän. Görmek, görüp bilmek ukybynyň ilkinji orunda goýulmagy hem dogry pikir. Göz berlensoň, görmegi başarmaly. Gowy zatlary görmegi başarmaly. Göz berlensoň, görmeseň aýyp boljak ýaly, ýogsam gözi açyklygynda hiç zady görmän, gözi batyllygynda geljegi görýän adamlar hem bar ahyry.

## BAR BOLSA, GÖRKEZIŇ...

Hudaýa ynanmaýan mugallymlaryň biri synp otagyna giripdir. «Okuwçylar, siz şu kitaby gözüňiz bilen görýärsiňizmi?» diýip sorapdyr. Okuwçylar: «Hawa, görýäris» diýip, jogap beripdirler. Ol: «Görýän bolsaňyz, bu şonuň hakykatdan hem bardygyny aňladýar» diýipdir. «Siz şu suratlary gözüňiz bilen görýärsiňizmi?» diýip, diwardaky suratlara elini uzadypdyr. «Hawa, görýäris» diýip, jogap beripdirler. Ol: «Görýän bolsaňyz, bu şonuň, hakykatdan hem, bardygyny aňladýar» diýipdir. Soňra «Okuwçylar, siz Hudaýy gözüňiz bilen görýärsiňizmi?» diýipdir. Olar: «Toba, ýok, göremzok» diýipdirler. Ol mugallym: «Görünmeýän bolsa, bu onuň ýokdugyny aňladýar» diýipdir. Şol wagt synpdaky okuwçylaryň biri ör turup: «Okuwçylar, siz şu

mugallymyň akylyny gözüňiz bilen görýärsiňizmi?» diýip sorapdyr. Okuwçylar: «Ýok, göremzok» diýipdirler. «Görünmeýän bolsa, bu onuň ýokdugyny aňladýar» diýip, ol okuwçy jogap beripdir. Her bir zadyň hakykatdygyny, bardygyny ýa-da ýokdugyny bize görünýändigi ýa-da görünmeýändigi bilen kesgitlemek ýalňyş düşünje.

Köne rowaýatlara görä, ylmyň soňuna çykandyryn öýdýän ýaş-ýeleňleriň biri görünýän we görünmeýän zatlaryň jedelini edip, uly pirlere hem muşakgat bolup otyrmyş. «Bar bolsa, görkeziň, subut ediň» diýip, öz diýenine tutup oturypdyr. Ahyry onuň bu kejirligine çydamadyk pirleriň biri ýaňky oglanyň ýüzüne şarpyk çalyp, mazaly awundyrypdyr. «Tagsyr, edýäniňiz näme, ýüzüm awap, agyryp dur» diýip, oglan aňk-taňk bolupdyr. «Men-ä seň ýüzüňde agyry göremok» diýip, pir aýdypdyr. «Ine, şu uran ýeriňiz agyrýar» diýip, ýigit ýaňagyny görkezipdir. Pir oňa: «Ýok, sen maňa agyrýan ýeriňi däl-de, agyryny görkez, ynanaýyn» diýipdir. Şondan soň oglan bardygyny duýup bolýan her bir zadyň görkezmek ýa-da görmek arkaly subut edilmeýändigine hem düşünipdir.

## DOSTLUK

Bergä batan adamlaryň biri gurply ýaşaýan dostunyň gapysyny kakypdyr. «Pylan kişä şunça mukdarda bergim bar. Üzlüşmäge kömek etmeseň, teý ýagdaýym ýok» diýipdir. Dosty öýüne giripdir we diýlen mukdardaky puly ýoldaşyna uzadypdyr. Muny yzyna gaýtarmagyň hökman däldigini, öz çagalarynyň aladasy bilen bolmagyny hem ýaňzydypdyr. Dosty hoşallyk bildirip, yzyna dolanypdyr. Barjamly adam öýüne giripdir we uly sesi bilen möňňürip, aglamaga başlapdyr. Aýaly adamsyny köşeşdirmäge çalşypdyr: «Bereniňe gynanýan bolsaň, ýagdaýym ýok diýäýmeli ekeniň ýa-da bolanjasy şu diýip, azrak beräýmeli ekeniň, näme üçin uly sesiň bilen aglaýaň?» diýipdir. Ol adam: «Dostuma beren puluma birjik-de gynanamok, ýöne şu günlere düşmezinden öň näme üçin onuň halyndan habar almandygyma ökünýärin. Şonuň üçin aglaýaryn» diýipdir.

## ITLERE MAHSUS HÄSIÝET

Adamlaryň biri tanymal akyldary, abraýly piri öýüne zyýapata çagyrypdyr. Akyldar olaryň gapysyna ýetiberende, öý eýesi daş çykypdyr-da: «Hormatly pirimiz, bu gün sizi hezzetläre hiç ýüzümiz ýokdur! Soň bir gün gaýtadan çakylyk ýollarys» diýipdir. Pir hiç zat bolmadyk ýaly yzyna dolanypdyr. Öýüne gelip ornaşan badyna ýaňky adam piri ýene öýüne çagyrypdyr. Naharyň taýyn bolandygyny, gelibermelidigini aýdypdyr. Pir bu gezegem onuň haýyşyny bitiripdir, zyýapata ugrapdyr, ýöne ýene-de öňki ýagdaý gaýtalanypdyr. Her gezek çagyrylan öýe ýetiberende, öý eýesi heniz taýyn däldigini mälim edip, akyldary yzyna gaýtaryp durupdyr. Bu ýagdaý dört gezek gaýtalanypdyr. Pir bolsa öýüne gidip, çagyrylsa, gelip durupdyr. Ahyry öý eýesi pire ýüzlenip: «Hormatly pir, aperin saňa, şeýtmek bilen seniň sabyr-takatyňy hem-de öz häsiýetleriňe durnuklydygyňy synamak isledim. Tüweleme, siz örän beýik adam ekeniňiz» diýip, ilki ötünç sorapdyr, soňra bolsa piri öwmäge durupdyr. Pir bu sözlere gabagyny galdyrman, ýerden nazaryny sowman durşuna: «Itlere mahsus häsiýetiň barlygy üçin meni öwüp oturmaň. Çagyrylanda gelip, kowlanda gitmek itlere laýyk gylykdyr, adama mahsus däldir» diýipdir.

## ÝAŞAÝŞYŇ GYMMATY

Dawut pygamber bir gowaga giripdir. Gowagyň iç ýüzünde bir adamyň mazary bolup, onuň başujyndaky tagtada şeýle ýazgylar bar eken: «Men jahanyň yklymlaryny soran hökümdar. Müň ýyl ömür sürdüm. Müň sany duşmany ýeňlişe sezewar etdim. Müň sany nowjuwan gyz bilen durmuş gurdum. Ahyr soňunda bir döwüm çörege günüm galdy. Sebet-sebet dirhemleri sebitlere ýolladym, bir tegelek çörek tapyp bilmedim. Çuwal-çuwal göwherleri uzaklara ýolladym, bir tegelek çörek tapyp bilmedim. Göwherleri un deýin owratdym, çöregiň ornuny tutmady. Ahyry şu ýerde jan berdim. Kimiň saçagynda bir döwüm çöregi bar bolsa, ili abadan, ojagy abat bolsa, şundan

soňam ýer ýüzünde özünden baý kimdir biri bardyr öýdýän bolsa, ol ýaşaýşyň gymmatyny başga ýerden gözleýän betbagt adamdyr».

## MYHMANPARAZLYK

Bir adam çarwa araplaryňkyda myhmançylyga düşläpdir. Çarwalar bu myhmany uly hormat bilen garşylapdyrlar. Atdan düşende, aýagyny ýere degirmän, ýumşak körpençäniň üstünde oturdypdyrlar. Ellerine mylaýym suw akydyp, göwün küýsän zadyny getirip beripdirler. Myhman bu ýerde birnäçe gün bolandan soňra, öýüne dolanmakçy bolupdyr. Ýöne gelende güler ýüz beren adamlaryň hiç biri muňa goşuny daňyşmaga, atyna ýükleşmäge kömege gelmändir. Gaýta gyrada bir zatdan öýkeli ýaly bolup, kese bakyşyp otyrmyşynlar. Myhman olaryň bu bolşuna geň galypdyr, özüni müýnli duýup, bu sowuklygyň sebäbini sorapdyr. Çarwalar: «Kim bize myhman bolsa, biz ony uly şatlyk, buýsanç bilen garşy alýarys. Bu biz üçin mertebe. Biz gidýänlere däl-de, gelýänlere we bu ýerde bolýanlara güler ýüz bilen bakýarys. Gidýäne gülüp bakmak, onuň gitmegine begenmek ýaly bir zatdyr» diýipdirler.

## KAGBUL-AHBARYŇ TÖWRATDAN GÖÇÜRIP ALAN JÜMLELERI:

«Eý adam balasy, meniň hökmürowanlygym dowam edýärkä, hökümi zorlardan howatyr etmegin, meniň hökmürowanlygym bolsa hiç wagt soňlanýan däldir.

Eý adam balasy, hazynalarym dolup durka, rysgalyň darlygyndan zeýrenmegin, meniň hazynalarym bolsa hiç wagt tükenýän däldir.

Eý adam balasy, menden özgelere ýüregiňi berme, seniň üçin Men bardyryn. Meni gözleseň (ideseň), meni taparsyň, menden özgelere ýüregiňi berseň, men senden geçerin, ähli haýyr hem senden geçer.

Eý adam balasy, seni öz ybadatym üçin ýaratdym, sen bu günüňi oýnap geçirme. Ömrüňe ýeterlik rysgyňy bölüp berdim, özüňi

ardurja kösäp ýörme. Artygy üçin tama etme, az (ýeter-ýetmez) bolar öýdüp gaýga batma. Sen meniň berenlerime razy bolsaň, süňňüňem, köňlüňem ynjalyk tapar. Berenlerime razy bolsaň, bereketini artykmaç bererin. Dergahymda abraýly adam bolarsyň. Berenlerime närza bolsaň, kanagat etmeseň, dünýäni başyňa musallat ederin, olar seniň depäňde gury ýerde depirjekleýän ýabany haýwanlar dek oýun görkezer, kösenersiň, örtenersiň, barybir meniň ýazanymdan başga zady gazanyp bilmersiň. Meniň hem gözümden düşersiň.

Eý adam balasy, ýedi gat asmany we ýedi gat zemini ýaratdym. Olary ýaratmak meni birjikde ýadatmady, ýeri onsoň saňa ýetirjek bir döwüm çöregim maňa kyn düşer öýdýärmiň?

Eý adam balasy, ýaradanlarymyň arasynda iň ezizi sensiň, saňa bolan söýgimiň hatyrasyna meni çyndan söý! Yhlas we ybadat et!

Eý adam balasy, ertiriň rysgyny şu gün almaga howlukma, men hem senden ertiriň amalyny şu gün talap edemok ahyry.

Men buýrugymdan boýun towlanlary unudamok. Diýenime gulak asýanlary neneň ýatdan çykaraýyn? Men ähli zady başarýaryn we ähli zady öz erkim, hökümim bilen gurşap alandyryn. Meni ýatla we dünýä aladasyny gaýgy etme! Meniň bir Özümiň berjek zatlarym saňa ýeterlik bolar!»

## DARAGT

Köp wagtdan bäri ösüp oturan äpet alma daragty bardy. Bir körpeje çaga bu daragtyň aşagynda oýnap, gününi gyzykly geçirýärdi. Şahalaryndan aslyşýardy, miwesinden iýýärdi. Soňra onuň saýasynda uka batýardy. Ol bu daragty gowy görýärdi. Daragt hem onuň bilen oýnamagy halaýardy. Aý-günler aýlandy. Körpeje ulaldy. Indi ol bu daragtyň daş-töwereginde oýnamasyny bes edipdi. Bir gün ol bir alada batyp, daragtyň ýanyna geldi. Daragt ony mähir bilen garşylady: «Gel, körpeje, meniň bilen oýnasana...». Ol ýüzi salyk jogap berdi: «Indi seniň bilen oýnar ýaly men çaga däl. Men indi başga oýunlary oýnasym gelýär. Şony satyn almak üçin maňa az-owlak pul gerek».

Daragt gussaly dillendi: «Wah, mende pul ýok-da! Ýöne sen meniň ähli miwelerimi satyp, şol mukdardaky puly gazanyp bilersiň». Bir çykalganyň tapylanyna oglan şeýle bir begendi. Onuň şatlananyny görüp, daragt hem begenjinden silkindi. Oglan daragtyň şahasyndan aslyşyp, miwelerini birin-birin çöpledi... Şondan soň esli wagtlap oglan gara bermedi. Birnäçe wagtdan soň ol ýene daragtyň ýanyna dolandy, ýöne indi ol oglan däl-de, daýanykly ýigitdi. Daragt onuň gaýdyp gelenine şeýle bir begendi, depesi Gök diredi: «Gel körpeje, meniň bilen oýnasana...». Ýöne ýigidiň sesi gahar gatyşykly çykdy: «Ýene seniň ýanyňda oýnar ýaly men oglan-uşak däl ahyry. Öýli-işikli, çaga-çugaly boldum. Borjum artdy. Olary sygdyrar ýaly öý-ojak gerek. Sen maňa kömek edip bilermiň?» diýdi. Daragt ýene gussa batdy: «Nebsim agyrýar! Ýöne ähli şahalarymy pudarlap alsaň, şondan bir öýjagaz-a gurnup bilerdiň» diýdi. Ýigit bu daragtyň ähli şahasyny pudarlady we daragty taşlap gitdi. Ol begendi. Ony begendirip bilendigi üçin daragt hem begendi. Daragt ýigitdäki şol şatlyk alamatlaryny ýatlap, göz öňüne getirip, ep-esli wagtlap özüni örän bagtyýar saýdy. Soňra ol wagty bilen gara bermänsoň, ýene gynanyp, gussa batyp başlady.

Yssy günleriň biridi. Ýigit ýene daragtyň ýanyna geldi. Ol örän ýadawdy, ýaşy hem durugşyp başlapdyr. «Dynç almak üçin gämili gezelenje gidesim gelýär. Sen maňa gämi tapyp bilermiň?» diýip, ýigit dillendi. Daragt oňa: «Kökümi goý-da, göwrämi al. Şondan gämi ýasanyp bilersiň. Ol gämi bilen hem islän ýeriňe aşyp bilersiň, arzuwyňa ýetersiň» diýdi. Ýaşy bir çene baran kişi daragtyň aýdyşy ýaly etdi. Ýasan gämisi bilen uzak ýerlere syýahata ugrady.

Uzak aýralyklardan, birnäçe ýyllardan soňra ol ýene daragtyň ýanyna gaýdyp geldi. Ýöne daragt öňürti dillendi: «Eý eziz ogul, gynansamam, saňa hödürlär ýaly almam ýokdur!»

«Ony alada etme» diýip, ol adam dillendi, «ony iýer ýaly dişim ýok indi».

«Aslyşyp oýnar ýaly, saýalar ýaly şahalarym hem galmady» diýip, daragt özi müýnli ýaly dillendi. «Men indi halys garrapdyryn, näme-

dir bir iş edere ysgynym hem galmady» diýip, ol adam hem ýüzüni aşak saldy. Daragt oňa: «Gönüläp aýtsam, mende saňa bererlik hiç zat galmady. Bir berip biljek zadym – çüýräp başlan köklerim» diýdi we aglamaga başlady. Gojalan kişi daragta bakyp: «Meniň ýekeje isleýän zadym bar, ol hem dynjymy almak. Bu geçen ýyllar meni şeýle bir surnukdyrdy» diýdi. «Garry daragtyň köki dynç almak üçin iň laýyk ýerdir, gel şu ýerde dynç al» diýip, daragt oňa garady. Goja kişi garry daragtyň köküne ýaplanyp, uka batdy. Garry daragt muňa monça boldy, begenjinden ýaňa gözleriniň owasy ýaşdan doldy.

Siz şu daragtyň kimdigini bilýärsiňizmi? Ol – siziň ata-eneňiz. Ata-eneler özleriniň tutuş ömrüni, ähli wagtyny, özlerinde bar bolan ähli zatlary iň soňkusyna çenli size bermäge taýýar. Munuň öwezine siziň birje begenjiňiz ýeterlikdir. Ata-eneňiziň gadyryny biliň!

## SADAKA

Gadym döwürlerde biz ýaly bir adam bolupdyr. Dogry ol bize garanyňda has akyllydyr, ýöne edýän hereketleri biziňkä çalymdaş bolansoň, özümiz ýaly biri göz öňüňe geläýýär. Ol ýiten-ýitiren zadyny, azaşan malyny her gezek Hudaýyň ýoluna sadaka aýdar eken. Günler aşyp, nesibesi dartyp, ýene-de şol zadyny tapaýsa, gözüni dikip oturan zady alnyna gelen ýaly guwana-guwana garbap alar eken. Ana onsoň bir gün bu bendäniň kazasy dolýar. Perişdeler ony alyp gidip, jennetiň gapysyndan jykladýarlar «Ine, şu jennet» diýip, onuň bäri gyrasyndan bir künjüni görkezýärler. Ol adam jennetiň gyrasyny görenine monça bolýar, tamakinlik bilen aňyrlaryna göz aýlaýar. Şol pursat perişdeler ony dowzaha süýräp başlaýarlar. Ol bende rejäniň gowy däldigini duýýar. «Saklanyň, meni nirä alyp barýaňyz? Men Hudaýyň ýoluna günde-günaşa sadaka aýdýardym. Heý-de şolaryň sogaby bilen jennetiň töründen orun tapyp bilmerinmi?» diýip soraýar. Perişdeler oňa: «Hawa, sen öz ýitiren zadyňy, iýdiren hakyňy Hudaýyň ýoluna sadaka aýdýardyň. Soňam, tapan wagtyň ony yzyna alýardyň. Entegem Allatagala saňa geçirimlilik etdi. Şoňa görä-de

biz aýdan sadakalaryň üçin-ä jennetiň gapysyndan jyklatdyk, soňra olary yzyna alandygyň üçin hem, seni yzyňa-dowzaha alyp barýarys» diýipdirler.

## TAKWALYK WE BETGÜMANLYK

Gadym döwürde ýaşan bir hökümdaryň iki sany ýagşy gylykly weziri bolupdyr diýilýär. Olaryň biri özüni ybadat borçlaryny kemsiz bitirmäge we adat bolan haram keýplerden gaýra durmaga werziş eden, ybadathon-takwa bende eken. Ýöne, patyşany gyzyklandyrýan meseläniň üstünde beýleki wezir bilen özara oňşup bilmän, bir pikire gelmän, patyşanyň köňlüne agram salar ekenler. Patyşa bularyň çapraz pikirlerinden ýaňa şeýle bir bizar bolupdyr, ýöne olaryň birini aýryp, ornuna başga birini getirer ýaly mynasyby tapyp bilmänsoň, şol kösenip ýörüpdir. Ahyry, olaryň birini aýryp dynmak hakdaky pikir kellesine gelipdir. Has danasyny saýlamak üçin ýörite öýüň içinde bir bukalga ýer taýynladyp, bir ynamdar adamyň şol ýere öňünden girip gizlenmegini we iki weziri şol öýde tussag edende, olaryň ähli sözlerini birin-birin ýat beklemegi tabşyrypdyr. Soňra iki weziri tussag edip, şol öýe gabadypdyr. Iýgi-içgi äberer ýaly gözükden başga ýerini mäkäm bekledipdir. Olar bir günläp bir-birege habar gatman, gürleşmän oturypdyrlar. Garaňky mazaly gatlyşanda, takwa däl wezir ýoldaşyna: «Ýeri bu bela niçik eken, näme pikir edýärsiň?» diýipdir. Takwa wezir: «Bu-da bir kysmatdyr, takdyra ynanyp oturandyrys» diýipdir. Onda beýlekisi: «Men-ä özümi örän birahat duýýaryn. Ýeri biz bu ýere nähili günä üçin atyldyk?» diýip, öz närazylygyny ýaňzydypdyr. Ýagdaýyndan hem, ýazgydyndan hem nägile bolupdyr.

«Öz borjumy birkemsiz ýerine ýetirsem-de, säwlik goýberýän ýerlerim bardyr. Belki bu synag şol säwliklerimiň günäsini ýuwup aýyrmak üçindir» diýip, takwa wezir dillenipdir. Beýleki wezir: «Men-ä bu ýagdaýy, hökümdaryň ýanyndaky abraý-mertebäme göz dikýän pylanynyň içigaralygyndan görýän. Muny diňe şol gurnandyr» diýipdir.

Şol wagt gözük açylypdyr we bir adam olara bir tegelek çöregi uzadypdyr. Takwa wezir ýoldaşyna: «Al, iý!» diýipdir. Emma ol: «Aý ýok, men-ä iýip biljek däl. Birden awy gatylan bolaýmasyn» diýip ýüzüni ters öwrüpdir. «Men-ä öz paýymy iýmekçi – diýip, takwa wezir aýdypdyr. – Her bir ýagdaýymda, her bir işimde Hudaýa bil baglaýaryn. Ähli erkimi ol Päk Perwerdigäre bagyşlaýaryn. Näme etse kaýyldyryn» diýipdir we çöregi iki bölüp, ýarysyny özi alypdyr. Takwa wezir elindäki çöregiň içinden ýakutdan ýasalan nepis gaş tapypdyr. Ertesi gün olara ýene bir tegelek çörek getirilipdir. Ony ikä bölüpdir. Takwa wezir öz paýynyň içinden ýene bir gaş tapypdyr. Üçülenji gün hem şeýle bolupdyr. Dördülenji gün bu ikisini zyndandan boşadypdyrlar. Patyşa ýörite tabşyrylan adamdan ol ikisiniň tussaglykda näme gep-gürrüň edendigini sorapdyr. Ol ähli zady bolşy ýaly gürrüň beripdir we wezirleriň ikisi-de bu gürrüňi tassyklapdyr. Takwa wezir gaşlary çykaryp: «Men bu zatlary özümiň çörek paýymdan tapdym. Özgäniň nesibesini (paýyny) dörjelemäge bolsa meniň gaýratym çatmady. Ol ýerden näme çykanlygyndan habarym ýok» diýipdir. Patyşa: «Alla bu zatlary senden özgelere rowa görmändir. Ähli işiňi bir Haka tabşyrandygyň, ýalňyz şoňa bil baglandygyň üçin ol bu zatlary saňa miýesser etdi. Ol çörekleriň içinde bulardan başga gaş bolmaly däl. Men şeýtmek bilen siziň özüňiz hakdaky pikiriňizi bilmek, synamak isledim. Ýoldaşyň hakda aýtsak, was-wasylyk ony halys egbarladypdyr. Köňül çuňlugyna ornan göripligi zerarly päk kişilere töhmet atdy, özüne gyýa göz bilen garalýandyr öýtdi, çöreklere awy gatylandyr öýdüp, müňkürlige gitdi, baýlygyna bolan nebsewürligi möwç urdy. Sen bolsa, nämeler boljagy näbelli işiň çäresini alada edip, gaýga batanyňdan, öz ruhuňa rahatlyk bermegi ileri tutduň. Ähli işiň çäresini-çözgüdini tapmagy, Perwerdigäriňe tabşyrdyň, özgeden aýyp agtarman, günäni özüňden gözlediň. Alla biziň sowgadymyzy saňa bermegi eý gördi, seniň bize has mynasypdygyňy mälim etdi» diýipdir. Soňra ýagşysyny özüne wezir edip çäklenipdir. Ýoldaşyny bolsa wezipesinden boşadypdyr.

## DOŇUZ WE ÝOLBARS

Rowaýatlara görä bir doňuz ýolbarsa: «Meniň bilen başa-baş söweşe çyk» diýipdir. Ýolbars oňa: «Sen meniň deňim däl. Eger senden maňa zeper ýetse, bu meniň üçin uly biabraýlyk bolar. Eger seni öldürsem, doňzy öldürdigim bolar. Munuň üçin artykmaç abraý we zyýada şöhrat gazanmaryn. Meni öldürmäge bolsa seniň dişiň ötmez» diýipdir. Onda doňuz: «Meniň bilen başa-baş söweşe çykmasaň, beýleki ýyrtyjylaryň arasynda «Ýolbars menden gorkdy» diýip gep ýaýradaryn» diýipdir. Ýolbars: «Seniň ganyňy döküp, rahatlygymy ýitirenimden, ýalan sözüňe çydam edip gezenim has ýeňil düşer» diýip, jogap beripdir.

## BÄHBIDE ÇEKÝÄN ÝITGILER

Rowaýatlara görä, çöl içinde eşegi, iti we horazy bolan bir pukara bende ýaşaýan eken. Horaz olary ertir namazyna oýarsa, iti olary gorapdyr. Eşegi bilen bolsa çadyrlaryna odun, suw we goş-golamlaryny daşapdyr. Bir gün tilki gelip olaryň horazyny alyp gidipdir. Öýdäkiler muňa gynanypdyr. Ýöne öý eýesi ýagşy adam bolansoň «Bähbit bolsun!» diýipdir. Soň bir gün möjek gelip, eşeginiň garnyny ýaryp öldüripdir. Öýdäkiler muňa ýene gynanypdyrlar. Emma öý eýesi ýene «Bähbit bolsun!» diýipdir. Şondan az salym soňra olaryň iti hem bir kesel tapynyp ölüpdir. Öýdäkiler muňa öňkülerden hem beter gynanypdyrlar. Öý eýesi bolsa: «Bähbit bolsun! Hudaý etse, ýönelige edýän däldir. Aňyrsynda hökman gizlin hikmet, bähbit ýatandyr» diýipdir.

Bir gün irden turup görseler, goňşularynyň öýi ýykan-ýumran, howlulary talanan, mallary sürlen, barça adam ýesir edilip äkidilen eken. Garakçylar ýaňky garybyň öýünde ite-guşa gözi düşmänsoňlar, ol ýerde adam ýaşaýandyr öýtmändirler. Şeýdibem aman galypdyrlar.



## JOMARTLYK

Abul Haýbary ady bilen tanalýan bir adam, öz kowumyndan bolan birnäçe kişi bilen Hatam Taýynyň mazarynyň gapdalyndan geçip barýar eken. Ol ýoldaşlaryna ýüzlenip: «Geliň, Hatam Taýynyň guburynyň ýanynda düşläliň. Eşidişime görä, ol merhumam bolsa, şu ýerde düşlän adamy myhman alýarmyşyn» diýipdir. Olar şol ýerde düşläpdirler. Abul Haýbary Hatamyň mazaryna bakyp: «Eý, eşek atasy, myhmanlaryňy hezzetle! Eý, eşek atasy myhmanlaryňa hödür et, ahyry!» diýip, ýaňsylap, üstünden gülmäge başlapdyr.

Soň olar ýatypdyrlar welin, Abul Haýbary düýş görüpdir. Düýşünde kimdir biri oňa:

«Eý, Abul Haýbary, sen ne beýle zalym, sögünjeň adam ekeniň. Sen günläp ýatan mazardan hezzet isläp, dostlaryňy hem alyp geldiň. Biz iň gowy maly saýlap, myhmanlarymyza söwüş ederis» diýýärmişin. Gorkudan ýaňa tisginip oýanan Abul Haýbary, gözüni oňat açyp seretse, düýesi däbşenekläp, janhowluna bagyryp ýatyrmyşyn. Ol uly sesi bilen: «Haý, ýetişeweriň!» diýip, ýerinden galypdyr. Düýesi bolsa aýagyny kakyp, tizden-tiz damagy çalnaýmasa, haram öljekdenmişin. Ony dessine soýupdyrlar we uzyn gijäni etli nahar iýip geçiripdirler. Daň agarandan soň, ýola düşüpdirler.

Ýoldaşlarynyň ýagdaýy ýagşy hem bolsa, Abul Haýbarynyň keýpi ýok eken. Ol düýnki hereketine we agşamky wakalara haýran bolup, oýlanmalar deňzine çümüpdir. Olar şeýdip barýarkalar, birdenkä özlerine tarap gelýän ýolagçyny görüpdirler. Ol ýolagçy bularyň saklanmagyny haýyş edip, gygyryp gelýän eken. Sakga durup seretseler, ol Hatam Taýynyň ogly Adyý eken. Onuň ýanynda ýene bir iner we yzyna tirkelen maýa bar eken. Adyý bulara garap: «Öten agşam kakamdan myhman almagyny soran sizmi?» diýipdir. Bular: «Hawa» diýip, geň galyjylyk bilen jogap beripdirler. Adyý olara bakyp: «Agşam düýşüme kakam girdi. Ol maňa: «Men Abul Haýbarynyň düýesini soýup, olary hezzetledim. Şonuň deregine şu düýäni eltip ber» diýdi. Şony bermäge geldim» diýip, gapdaly bilen tirkäp getiren

daýaw inerini we maýasyny Abul Haýbara gowşurypdyr hem-de yzyna dolanypdyr.

Olar bu bolýan hadysalara akyl ýetirip bilmändirler. Soňra bu waka il içine ýaýrapdyr. Hatamyň ogly Adyýyň eden işini öwüp, örän köp şahyrlar goşgy ýazypdyrlar.

Şolaryň birinde bolsa Hatam Taýyny ýatlap:

Ol edil dirikä edişi ýaly.
Gabrynyň ýanynda düşlänleri-de,
Myhman aldy hormat bilen hezzetläp,
Beýle zada hiç kim duşmandy entäk – diýilýär.

## MERTEBÄNIŇ TAGAMY

Öten patyşalaryň biriniň edepli we ýuwaş pili bar eken. Bir gün onuň üçin tokaýda gezip ýören, ýabany, sarç pili awlap getiripdirler. Ony terbiýelemek we adamlara öwrenişdirmek seýislere (pilbanlara) başartmandyr. Kelle döwenlerinden soňra, ýaňky ýabany pili edepli piliň ýanyna goşupdyrlar, şeýdilse, iň bolmanda şu pil bilen dagy öwrenişer we onuň häsiýetine girer öýdüpdirler. Emma piliň diýen etmezligi we wagşylygy köpelmese, kemelmändir. Onsoň edepli pil ýabany pile: «Sen agyr jenaýat etdiň we özüňi zyýan-zelele sokduň. Eger-de sen özüňe nähili ýagşylyk ediljekdigini bilsediň, beýle hereket etmezdiň» diýipdir.

Ýabany pil oňa: «Maňa nähili ýagşylyk etjek bolýarlar?» diýip sorapdyr. Edepli pil: «Iýmitiň-otuň gowy bolar, içýän suwuň süýji bolar, bedeniňi we ýaşaýan ýeriňi her gün arassalap durarlar. Seni gorap, idegläp saklajak ýörite hyzmatkärleri bellärler. Ýylyň belli-belli günlerinde, agyr mähelläni üýşürerler. Seni bolsa altyn-ýüpekler bilen bezäp, öňüňden dep-sanaç kakyp, söz-şowhun edip, uly iliň ortasyndan ýörederler. Seni görüp patyşanyň we il-günüň göwni göteriler, şatlanar» diýipdir. Ýabany pil: «Men seniň bu sözleriňi synap görerin. Häzir bolsa özümiň gödek gylyklarymyň ählisini taşlaýaryn» diýip-

dir. Edepli pil: «Munyň makul gep. Indi seni sylarlar, tagzym ederler, bolçulykda gezersiň, hyzmat ederler» diýipdir.

Şol aýdylýan dabara güni gelipdir. Ýabany piliň üstüne ýüpek düşäp, arkasyna bir tagty mäkäm berkidipdirler. Elinde ýarag bolan haýbatly söweşijileriň biri onuň üstüne münüpdir. Egni sowutly adamlaryň biri eline çeňňek alyp, piliň boýnunda oturypdyr. Piliň tumşugyna hem sowut geýdiripdirler. Sowut geýnen seýisler hem elleri bilen piliň iki gyýagyndan tutupdyrlar. Ony şeýle röwüşde uly iliň ortasyndan ýöredipdirler. Dabara tamamlanansoň ýabany pil ýatagyna dolanypdyr we edepli pile garap: «Men seniň aýdan zatlaryň hakdygyny synap gördüm. Ýöne senden käbir zatlary anyklap bilmek isleýärin. Aýtsana, meniň arkama basylan goşlar nämedi?» diýipdir. «Ol tagt we şol ýerdäki adamlar hem gurallar» diýipdir. «Tumşugymyň öňüne tutan ýapynjalary, iki gyýagymdan tutup duranlar, boýnumda oturan, olar nämäni aňladýar?!» diýipdir. Edepli pil: «Tumşugyňa ýapylan zad-a demir sowut. Çünki şeýdip söweşe çykylýar. Iki gyýagyňdan tutýanlar, seni ýola gönükdirýär. Boýnuňda oturan adam bolsa çeňňek sallap, seni söweşe sary öňe iberýär» diýipdir. Ýabany pil: «Hezzet-hormat edip, adymy taryplap, lybasymy zynatlap, ýol görkezýän adamlary öňümden ýöredip, şöhratymy dabaralandyryp, tagzym bilen bakyşlary... bu zatlaryň köpüsine meniň mätäçligim hem ýok, islegimem. Ondan gelýän haýyr şeriň, peýda hem zyýanyň ornuny dolup bilenok. Men her etmeli, hesip etmeli, bu ýerden janymy halas etmeli. Erkinligiň tagamyny datmadyk, onuň lezzetine düşünmez we elmydama özgeleriň pikirine gul bolup ýaşar. Mertligiň mertebedigine akyl ýetirmedik, garny dok bolsa-da, mertebesi pes bolup ýaşar» diýipdir. Bu gürrüňlerden soň edepli piliň gözi açylan ýaly bolupdyr we ol hem ýabany pil bilen gaçmaklygyň alajyny gözläpdir. Ahyry hem burunlaryna ýel düşen ýaly bolup, dälilige salypdyrlar. Dälirän piliň soňra haýyr bermeýändigine düşünýän pilbanlar ýaňzydypdyrlar. Şeýdip olar halas bolupdyr. Erkinlik we mertebe bolsa bendilikden üstün gelipdir.

## SADAKA

Bir bölek adam Isa pygamberiň deňesinden geçip barýan eken. Isa pygamber olaryň birini siňňitli synlapdyr-da: «Şu gün şularyň biri apata uçrar» diýipdir. Giçlik olaryň ählisi arkasy odunly, janlary sag, başy bitin yzyna dolanyp barýar ekeni. Isa olara: «Hany odunlaryňyzy düşüriň» diýipdir. Soňra «Şu gün apata uçrar» diýen adamsyna: «Hany sen odunyňy çöz» diýipdir. Görse, onuň içinde ullakan gara ýylan düýrlenip ýatan eken. Isa: «Sen şu gün başga nämeler etdiň?» diýipdir. Ol: «Hiç zat edemok» diýipdir. «Hany oňat ýadyňa sal, nähili ýagşylyk etdiň?» diýende, ol: «Walla, meniň-ä eden zadym ýok. Ýöne elimde bir döwüm çörek bardy. Ýanymdan geçip barýan misgin-pukaralaryň biri çörek sorady, men hem şonuň bir döwümini berdim. Başga hiç zat etmedim» diýipdir. Isa: «Ana şol bir döwüm çörek sadaka seni heläkçilikden halas edipdir» diýipdir.

## DERTLERIŇ DERMANY

Mekge ýolundan haja barýan adamlaryň biri sarysuw keseline ýolugypdyr. Kerwendäkiler ol adamdan tamalaryny üzüpdirler. «Beýle ýagdaýda ýol sökmekligiň derdiň has beterleşmegine eltjekdigine» göz ýetiren kerwenbaşy çarwa araplar bilen ylalaşyp, ony şol ýerde goýup gitmegi makul bilipdir. Näsaga derek kerwendäki düýelerden bermegi ylalaşypdyr.

Olar haj parzlaryny bitirip, yzlaryna dolanypdyrlar. Illerine gelenlerinde ýaňky hassanyň öz öňlerinde sag-aman gezip ýörendigine geň galypdyrlar. Bu sagdynlygyň sebäbini sorapdyrlar. Ol adam: «Biz şol ýerden birnäçe parsah uzaklykdaky düşelgelere ýetenimizde, araplar meni özleriniň iň gyradaky öýlerine eltip taşladylar. Yzalaryma çydap bilmän, janhowluna urunýardym. Şol gün olar bir apy ýylany awladylar. Kellesini we guýrugyny kesdiler-de, gowrup iýdiler. Men içimden: «Bular apy etini iýmäge endik edensoňlar, ol et bulara zelel berýän däldir. Belki men iýerin-de ölerin we bu kösençligimden dynaryn» diýdim. Men olardan şol etden iýdirmegini soradym. Olaryň

biri maňa apy tutup, gowrup berdi. Men ony iýip uklapdyryn. Çuňňur uka batypdyryn. Oýanyp görsem, endam-janym, egin-eşigim, ýorgan--düşegim derlemeden ýaňa öl-myžžyk eken. Ýagdaýym ýüz gezekden hem gowy üýtgäpdir. Irden turup göremde, garnym hem kiçelip, adaty kaddyna gelipdir. Men araplardan iýer ýaly zat soradym we iýdim. Sagalandygyma anyk gözüm ýetýänçä, olaryňkyda boldum we soňra olaryň käbiri bilen ýola düşüp, Kufä geldim. Asyl, apy ýylanyň eti sarysuw keseliniň bire-bir emi eken» diýipdir. Soňra ýoldaşlaryna garap: «Meniň bu ahwalatym başga bir hakykaty ýadyma saldy. Aglaba halatda biziň gorkýan, dowla düşýän we gaçýan zadymyz derdimize bire-bir derman bolup çykýar. Şonuň üçin bu zatlara çuňňur düşünmek gerek. Islendik dünýewi maksada ýetmek babatda hem bu düşünje mundan buýana meniň ýörelgäm bolar» diýipdir.

## DOSTLAR

Göz gamaşdyryjy üstünlikleri bilen taryhy we taryhçylary haýran galdyran Abu Müslim Horasany omeýýat nesilşalaryny syndyryp, abbasy nesilşalygyny gaýtadan dikelden adam hasap edilýär. Bir gün Abu Müslimden «Ýüzlerçe ýyllap dowam eden omeýýat nesilşalygynyň synmagyna näme sebäp boldy?» diýip sorapdyrlar. Abu Müslim: «Olar özlerine ynam edip, ýakyn ýaranlaryndan uzaklaşdylar. Mähirli bakyp, duşmanlaryny golaýlaşdyrdylar. Duşman adam ýanyňa geleni bilen dost bolmaýar. Dostlar bolsa uzaga zyňyldygyça duşmana öwrülýär» diýipdir.

## LAÇYNLAR BILEN UÇ!

Üstünlikler bilen ganatlanasy gelmeýän adam barmy? Ýa-da şowlulyklar bilen asmanda laçyn bolup uçasyňyz gelýändir. Çünki laçynlar beýlekiler bilen bäsleşip barşyna, hatda bulutlardan hem ýokary galyp bilýärler. Towuklar bolsa ýeriň ýüzünden birje mör-möjek ýa-da haşal ot tapyp bilse-de, monça bolýar. Şonuň üçin olar elmydama başy aşakdyr, ýerden zat gözläp, çöpläp ýörşüne-de

ýüzi salykdyr. Onsoň, asmany arzuwlaýan laçyn bilen ýerden galasy gelmeýän towugyň arasyndaky tapawudy özüňiz kesgitläň, hany! Ýogsa-da, laçynlaryň arasynda bolasyň gelýärmi ýa-da towuklaryň? Halk arasynda şeýle bir aýtgy bar: «Laçynlar bilen uçmagy ýüregiňe düwdüňmi, onda towuklar üçin wagtyňy zaýalama».

Rowaýatlara görä bir adam hökümdara tarypy ýetirilýän owadan laçynlaryň birini sowgat beripdir. Hökümdar muňa örän begenipdir hem-de wezirinden bu laçyn hakdaky pikirini sorapdyr. Wezir: «Ol towuklar bilen ösüp-ulalan laçyn. Belentde ganat kakyp bilmez» diýipdir. Hökümdar syr bildirmese-de, bu sözi ýokuş görüpdir. Laçyny synamak isläpdir. Wezirine laçyny uçurmagy buýrupdyr. Bir görseler, ýaňky laçyn towuk ýaly bolup, aýagy bilen ýer dörjelemäge başlapdyr. Sebäbi mundan öň wezir bu laçynyň towuklar ýaly, ýerden gözüni aýryp bilmeýändigini synlan eken.

Biziň her birimiz bile iş salyşýan, tiz söhbetdeş bolýan, gaýta-gaýta duşuşyp durýan adamlarymyzyň häsiýetine kem-kemden girip gidýäris. Bu sözler, söhbetler, edim-gylymlar we hereketler bolsa şahsyýetiň terbiýesine we iş alyp barşymyza ýiti täsir edýär. Kime meňzemek isleýän bolsaňyz, şeýle adamlar ýaly pikir ediň we ýüregiňize ýakyn tutjak adamlaryňyzy saýlamagy başaryň.

## SÜÝT WE SUW

Öňem bir obada dert-alada, hor-homsulyk artyp başlapdyr. Ol ýeriň arçyny bu ýeter-ýetmezligi aradan aýyrmak, haly has agyrlara hemaýat etmek üçin, ýerli ilatdan geň bir zat talap edipdir. Ol obanyň ortarasynda ullakan gazan goýupdyr. Her maşgaladan bir erkek we zenan adam şol gazana bir okara süýt guýmaly edilipdir. Arçynyň talabyna görä, süýtli tabagyň agzy ýapyk bolmaly we biriniň süýt guýýandygyny beýleki biri görmeli däl edilipdir. Adamlar arçynyň teklibini ýerine ýetirmek üçin öýlerine howlugypdyrlar. Agşam örüden gelen sygyrlaryny sagyp, şondan bir okara süýdi hiç kime bildirmän, uly gazana guýup gaýdypdyrlar. Ertesi irden arçyn gelip gazanyň gapagyny galdyrypdyr. Ol näme görendir öýdýäňiz? Bir gazan doly arassa suw!

Asyl, adamlaryň her biri öz ýanyndan: «Bir gazan süýde bir tabak suw guýanym bildirip durmaz» diýip pikir edipdir. Olaryň her biri beýlekileriň dogry hereket ederine bil baglapdyr, özleriniň bu hilesi bilinmez öýdüpdir. Ol gazana bir okara süýde derek suw guýjak adam ýeke özüdir öýdüpdir.

Seniň özüň nähili hereket edýärsiň? Çykgynsyz ýagdaýlarda, kynçylykly pursatlarda süýt sorasalar, hakykatdan-da süýt berýärmiň ýa-da suw?

Eger-de sen «munça adamyň arasynda meniň işlemändigim bilnip durmaz» diýip, işiňi tamamlaman goýýan bolsaň, onda seniňem süýde derek suw berýänligiň.

Şunça ýagşy niýetliniň ýanynda meniň bolgusyzja pikirim, köpçülige zelel bermez diýýän bolsaň, onda bu-da süýde derek suw guýýanlygyň.

Kömege mätäç birine ýardam goluny uzatman, «Kimdir biri hemaýat eder-dä» diýip, biperwaý ötüp bilýän bolsaň, bu hem süýde derek suw guýýanlygyň.

Hatda wagtyňy biderek zatlara sarp edip, ony okuw, ylym-bilim, haýyrly iş üçin peýdalanmaýanlygyň hem, süýde derek suw guýýanlygyň. Bilýäňizmi näme, erteki gün siziň rysgalyňyz, berekediňiz şol gazana guýan zadyňyza baglydyr.

## GAÝYPDAN GELEN ÝAŇ

Rowaýatlara görä, jahylyýet döwründe adamlar Arafat dagynyň depesinde durkalar, dagy-düzi dolduryp, bir ses ýaňlanypdyr: «Ýamanlyk päliýamanyň öz başyna düşer, hor-homsulyga we mejburlyga sataşar». Adamlar daş-töwerege garanjaklap gözleseler-de, hiç adama gözleri düşmändir.

## GUŞ WE DUZAK

Gadym döwürde guş-gumrynyň diline düşünýän pygamberleriň biri tokaýlygyň gyrasy bilen gidip barýan ekeni. Şol wagt asmanda

pel-pelläp duran bir guş ýaňky pygambere garap «Heý-de dünýäde şundan akmak adam bardyr öýdýärmiň?» diýip, agaçlaryň arasynda, ýerde duzak gurup ýören adamy görkezipdir. «Onuň akmakdygyny nädip bilýäň?» diýip, pygamber sorapdyr. Guş: «Ol meni tutmakçy bolup, ýerde duzak taýynlaýar. Howadaky guşa ýerde tor gurmak puçdur» diýipdir. Öýlänara ýaňky pygamber şol ýol bilen yzyna gaýdyp barýan eken. Görse, hälki asmanda galkyjaklaýan guş duzagyň içinde otyr diýýär. Pygamber muňa geň galyp: «Hany özüň aýtdyň ahyry, bu duzagyň özüňe gurulýandygyny, awçynyň bolsa iň akmak adamdygyny bilýän diýipdiň. Görüp-bilip durkaň ýene duzaga düşmeklik seniň akmakdygyňy aňlatmaýarmy?» diýipdir. Guş: «Eý pygamber, ýazgyda gabat gelende göz kör, gulak ker bolýan ekeni. Tokaýa ot düşüp, ýanyp başlady. Gara tüssä bogulmazlyk we ýalnyň içinde heläk bolmazlyk üçin arassa ýer diýip çykanym şu ugur boldy. Özümi halas etjek bolup, göni duzaga okdurylýanymy nireden bileýin» diýipdir.

## KÖR WE YSMAZ

Öňki döwürlerde bir kör we bir ysmaz adam goňşuçylykda ýaşapdyr. Şol golaýdaky bir adam bularyň gündelik iýjek-içjegini üpjün edip durar ekeni. Bir gün howandar adam dünýäden ötüpdir. Bu iki biçäre hem hiç kimiň ýadyna düşmändir. Ahyry olar oturyp, bir pikire gelipdirler. Kör adam ysmazy boýnuna mündüripdir. Ysmaz adam oňa nirelere, nähili ýöremelidigini salgy beripdir. Şeýdip olar ýollary söküp, özlerine ölmez-ödülik gazanypdyrlar. Bu ýerdäki kör adam takdyrdyr. Ysmaz adam bolsa, zähmetdir. Yhlasly zähmet bilen nirä barjagyny bilmeýän takdyry gerekli ugra gönükdirip bolýar.

## SEBE KOWUMY

Bu hekaýat taryhda bolup geçen wakalaryň biri hasap edilýär. Allatagala Sebe kowumyna akyl, baýlyk, bol-telkilik, garaz gowy zatlaryň ählisini bagyş edipdir. Gereginden artyk nygmat bolçulygy soňlugy bilen adamlaryň göterinip bilmezligine, öz akyllaryna

juda artyk ynam etmeklerine, öz güýçlerine bil baglamaklaryna we özgeleri unutmaklaryna getiripdir. Olar ylym-bilim babatda şeýle bir okumyşlyga ýetipdirler welin, hatda öz ülkeleriniň alakalar zerarly harap boljakdygyny hem öňünden bilipdirler. Olar bir uly maslahat üýşürip, alakalardan dynmagyň alajyny gözläpdirler. Alaka-syçanyň ganym duşmanynyň pişikdigi üçin ýörite pişikleri okatmaklygy, alaka tutmagy öwretmekligi öňe sürüpdirler. Şeýdip ezelden wadaly gün gelýänçä, Sebe kowumy pişik baryna tälim beripdir. Her daragtyň, her gülüň düýbünde birlän-ikilän pişik garawullap ýatan eken. Ýöne alakalar görnübermändir. Sebe kowumynyň çökmeli güni bolsa, barha golaýlaşypdyr. Şol pursatda Allatagala suw alakalaryny ýaradypdyr. Olar deňziň içi bilen gös-göni topraga urup girer ekenler-de, daragtlaryň, ösümlikleriň köküni iýip, ýene-de yzlaryna-suwa dolanar ekenler. Şeýdip, köki gemrilen bagy-bossanlyklar, çemenzarlyklar gysga möhletiň içinde gurap galypdyr. Topragyň süýji suwy çekilipdir. Ýerleri zeý alypdyr. Ülkeden bereket göterlipdir.

Adam hernäçe baý, akylly, güýçli, zor bolsa-da, öz başarnygyna artykmaç ynam etse-de, hiç wagt özünden göwnühoş bolup, belentligine baýrynmaly däldir. Ykbal azgynlary we tekepbirleri oslamaýan ýeriňden urýar.

## ÇYDAMLYLYK GOWY ZAT, ÝÖNE...

Bir maşgalanyň ýaşy ýeten, görmegeý ulugyzy bar eken. Görki Güne, jemaly Aýa bäs edýän bu gyza şol töwerekden iki sany ýaş ýigit hyrydar gözi bilen bakypdyr. Olaryň her biri bu Aýyň öz töründen dogaryny isläpdir. Olar görk-görmegi, edebi-ahlagy bilen özüne çekiji gyz üçin ellerinde baryny bermäge, gollarynda baryny görkezmäge taýyn ekenler. Ahyry gyzyň ejesi oglanlaryň öňünde bir şert goýupdyr. Kim şoňa hötde gelse, synagdan geçip, ynamyny ödese, gyzyny şoňa berjekdigini duýdurypdyr. Gyzyň ejesi: «Men gyzymy tüssä boglup oturyp biljek oglana durmuşa çykarjak. Haýsyňyz beýlekiňizden uzak otursaňyz, şol hem ýeňiji bolar we gyzymy alar» diýipdir. Oglanlaryň

ikisi hem bu şerte razy bolupdyr. Belleşilen gün arzyly gyzyň öýlerine barypdyrlar. Gyzyň ejesi töweregiň oglan-uşagyna şol golaýda bar bolan çöp-çör, hapa odun, tezek baryny üýşürden ekeni. Şerte laýyklykda toplanan zibilleri otlapdyrlar. Goýy tüsse burugsap, ýokary galypdyr. Oglanlaryň birinjisi tüsse çykar ýerde oturypdyr. Ajy tüssäni demine sormazlyk üçin kellesini saga-çepe sowup, biraz salym saklanandan soň, çydam etmändir we ol ýerden böküp düşüpdir. Gyzyň ejesine garap: «Men-ä muňa çydamok, bermeseňiz, gyzyňyz hökmanam däl, şeýdip gazanmaly bolsa geregem däl diýip, gaharyna öýkeläp, çykyp gidipdir. Ikinji oglan onuň ýerine tüsseçykar ýere geçipdir we hernäçe demikdiriji, neneňsi ajy bolsa-da, çydam edip oturypdyr. Goýy-gara tüsseden ýaňa gözünden boýur-boýur ýaş, burnundan suw akyp başlapdyr. Gözleri köz ýaly gyzarypdyr, emma gyza bolan yhlasynyň hatyrasyna bu şerte çydam edip oturypdyr. Gyzyň ejesi: «Boldy, boldy... şu-da ýeterlik» diýip, bu söwdany bes edipdir. Şeýdip, ikinji oglan synagdan üstünlikli geçipdir. Gözünden ýaňagyna syrygýan ýaşlary süpürip, gözel gyzyň hyýalynda öýüne dolanypdyr. Ertesi gün gyzyň ejesi öz tarapyndan bir wekil iberip, oglanlaryň ikisiniň hem gelmegini sorapdyr. Ilki bilen synagdan geçen oglana bakyp: «Gyzymdan tama edip oturmaň. Ol siziň nesibäňiz däl. Arkaýyn öýüňize gaýdyň. Çydamlylyk gowy zat, ýöne hapysa, ýaramaz zatlara çydam edip oturýan adam törüni arassa saklamagyň ähmiýetine-de, manysyna-da düşünmez» diýipdir. Soňra birinji oglana bakyp: «Sen hapysa, har-hapa zatlara çydam edip bilmediň. Arassalygy ähli zatdan ýokary tutduň. Şeýdibem ynamymy ödediň. Şonuň üçin gyzymy saňa durmuşa çykarmaklygy ýüregime düwdüm. Arassaçylygy eý görýän maşgalada gyzym hem harlanmaz» diýipdir.

Biz özümiziň käbir hereketlerimizi sabyrlylyk, çydamlylyk hasap edýäris. Nämä sabyr edýänligimize welin, akyl ýetirjek hem bolmaýarys. Belki-de, biz özümizdäki ýaramaz endiklere çydam edip oturan bolsak näme?! Eger şeýle bolsa, onda Gün görkli, Aý jemally üstünlikden binesip galjakdygyňyzy ýadyňyzdan çykarmaň!

## GÖLE

Bir adamyň bir gölesi bar eken. Ol ýazyň ýaşyl oty, tomsuň goýras maýsalary, güýzüň samany, bugdaý kepegi, gawun-garpyzyň paçagy bilen bakylsa-da, hiç garny gäberip, özüni tutup gidibermändir. Eýesi hem näme alaç etjegini bilmändir. Uzak wagtlap gapyrgasy hamyna ýelmeşen ýaly bolansoň, ahyry şol jelegaýdaky doga-tumardan başy çykýan bir mollanyň bosagasyndan ätläpdir. Gölesiniň ýagdaýyny mälim edipdir. Molla oňa ertesi gün aýlanmagy sargapdyr. Şoňa çenli zerur däri-dermany ýa-da doga-tumary taýýarlap goýjakdygyny aýdypdyr. Molla bir bölek ak kagyzyň ýüzüne gara syýa bilen birnäçe sözleri ýazypdyr. Soňra tumara çüfläpdir we dem salypdyr. Üçburç epläp, daşyna mata orapdyr. Ertesi gün göläň eýesi gelende, bu doga-tumary göläniň boýnundan asyp goýmalydygyny, nesip bolsa, onuň gün-günden özüni tutup gitjekdigini, ähli şeriň, göz-diliň göleden aýryljakdygyny aýdypdyr. Birnäçe günden soňra, öküziň ýagdaýy kem-kemden gowulaşyp başlapdyr, semräpdir, daýaw öküz bolup ýetişipdir. Öküz eýesiniň bu tilsime syny oturypdyr. Gün geçdigiçe, bilesigelijiligi artypdyr. Doga-tumaryň içinde näme ýazylandygyna bolan höwes halys erkine goýmansoň, bir gün öküziň boýnundaky dogany alypdyr-da derhal açypdyr. Kagyzyň ýüzünde «Nesip bolsa, bu göle hökman semrär» diýen sözler ýazylgy eken. Ol adam muňa güljeginem, gaharlanjagynam bilmändir. Şu wagta çenli bu toslama nähili ynanyp gelendigine haýran galypdyr. Dogany ýyrtym-ýyrtym edipdir we ýeliň ugruna zyňyp goýberipdir. Täsin ýeri, şondan soň öküz ýene-de horlanyp başlapdyr.

Haýsydyr bir zada düşünmeýänligimiz, nämedir bir zada aklymyzyň çatmaýanlygy ol pikiriň ýalňyşdygyny, ýöntemdigini ýa-da toslamadygyny aňlatmaýar. Görüp bilmeýän adam üçin gül hem diňe ýaprak we tiken. Duýup bilmeýän adam üçin keramat hem ýönekeý bir hokga. Keramat bu derejä ýeteniň gözüne keramatdyr. Gymmatlyga bolan ynamsyzlyk we düşünmezlik köp zady ýitirmegimize eltýär.

# ALAHÖWRENIŇ WEPALYLYGY

Hekaýatlara görä, dag gowaklarynyň birinde bir adam ýaşaýan ekeni. Az-owlak mal-garasy bilen şol ýerde gününi geçirer eken. Gündizlerine gowagyň agzynda, aşak ýanyndaky giňiş çemenzarlykly, otluk ýerde mallaryny bakypdyr. Şol ýakadaky derýadan goýunlaryny suwa ýakypdyr. Gijesini geçirmek üçin bolsa ýaňky gowaga dolanar eken. Bu gowak oňa hakyky öý mysalynda bolupdyr.

Günleriň birinde ol uzyn alahöwreniň öz bolýan gowagyna sümlüp gidenini görüpdir. Alahöwren şol ýerdäki hinleriň birinde ornaşypdyr. Düýrlenipdir we uzak uka batypdyr.

Ol adam bu ýylany şol gowagyň köp ýyllar bäri ýaşaýan eýesidir öýdüpdir. Ýylana sähel elini galdyrdygy, öz başyna aýrylmaz bir apat-musallat iner diýip çekinipdir. Birnäçe günläp alahöwreniň özüni alyp barşyny synlapdyr. Alahöwren elmydama şol hine girip, düýrülip ýatar eken. Hininden çykaýsa-da, uzak eglenmän, yzyna dolanar ekeni. Soňabaka bu adam alahöwrene höwrügip gidipdir. Ondan gorkup-çekinip durmagyny bes edipdir.

Bir gün alahöwren, adatdaky ýaly, hininden sogrulyp çykanda, ol adam içinden: «Gel şu ýylanyň hininde näme barlygyny göreýin» diýipdir we hine tarap gönügipdir. Gelip görse, ine, birnäçe gyzyl-ýylmanak alahöwren çagajyklary ýatyr diýýär. Ol adamyň öwrenişen alahöwreni bilen oýun edesi gelipdir. Ýylan çagajyklaryny bir ýumşak sebede ýerleşdiripdir we ony gowagyň elýeter ýokarragynda asyp goýupdyr. Özi bolsa bukulyp, alahöwreniň näme edýändigini synlap başlapdyr.

Alahöwren öz höwürtgesine dolanypdyr, ýöne balajyklaryna gözi düşmändir. Haňlap ýatan hinini görüp, aldyrany bar ýaly elewräp başlapdyr. Gowagyň ähli ýerini, gowagyň daş ýüzleri bilen aýlanyp çykypdyr. Çagalarynyň ýitmeginiň bar sebäbini gowakda bolýan şol adamdan görüpdir. Ondan ar almagyň ugruna çykypdyr. Alahöwren ol adamyň suw içýän küýzesiniň ýanyna barypdyr. Owurdyny şol suwdan doldurypdyr we ony öz zäherine garyp, awuly suwy ýene-de

şol küýzä goýberipdir. Bu hereketini birnäçe gezek gaýtalapdyr we suwy kemsiz zäherländigini bilensoň, ýene-de çagalarynyň gözlegine çykypdyr. Ol adam bolsa bukulyp duran ýerinden bu zatlary synlaýar eken. Alahöwren gowakdan çykan dessine, ol adam hem buky ýerinden çykypdyr-da, alahöwren çagajyklaryny öňki ýerinde emaý bilen goýuşdyrypdyr. Ene alahöwreniň şol ýakalarda aýlanmadyk ýeri galmandyr. Ahyry lapykeç bolup, ýene öz hinine dolanypdyr, görse, çagalary öňki ýerinde sag-salamat ýatyr diýýär. Alahöwren bu adamyň suw küýzesini zäherländigine ökünipdir. Derrew şoňa tarap ýumlugypdyr we guýrugy bilen urup-urup, küýzäni döwüpdir. Zäherli suwuň ýere dökülmegini gazanypdyr we öz hereketini düzläpdir. Soňra çagalarynyň ýanyna dolanyp gelipdir we hiç zat bolmadyk ýaly öňki ýaşaýşyny dowam etdiripdir. Bu zatlary buky ýerden synlap duran adam alahöwreniň öz çagalary üçin edýän yhlasyna haýran galypdyr.

Bu bir durmuş, käte biz öwrenişen adamlarymyz bilen halys çökder oýun edýäris welin, onuň netijesiniň alahöwren zäherinden hem has awulydygyny soňundan duýup galýarys. Käte bolsa, kimdir biriniň nähak ýere göwnüne degip, soňra olardan ötünç soramagy özümize kiçilik bilýäris. Hatda ýylanlaram öz ýalňyşyny düzleýär eken, bizde bu ýagdaý nähilikä?!

## PÄLWANLYGYŇ SYRY

Öňki döwürlerde göreşde arkasy ýere degmedik, atyşda oky sowa geçmedik bir pälwan bolupdyr. Onuň at-owazasy alys sebitleri hem doldurypdyr. Şöhrata höwesek ýaşlaryň biri bu pälwanyň ýanyna gelip, ondan mertligiň, pälwanlygyň syry hakda sorapdyr. «Saňa pälwanlygyň syry gerekmi? Baş üstüne, gel, öwredeýin. Bu örän ýönekeý» diýip, ol ýaş oglany ýakynyna çagyrypdyr. «Ine, sen meniň barmagymy tut, men bolsa seniň barmagyňy tutaýyn. Sen meniň barmagymy dişle, men hem seniň barmagyňy dişläýin. Şeýdip bir-biregiň barmagyny dişleşeli» diýipdir. Olar şeýle hem edipdirler. Dişlerinde bar güýji bilen beýlekiň barmagyny gysar ekenler. Şol ýagdaýlaryň

birinde ýaş oglan: «Eý, wäk, tas barmagymy goparypdyň-a» diýipdir. Pälwan oňa: «Ýene biraz saklanan bolsaň, şol sözi men saňa diýjekdim. Mertligiň, pälwanlygyň bar syry agyrylara, şatylara, kynçylyklara biraz salym dözüm edip, garaşyp, sabyr edip bilmeklikde. «Mertlik – bir sagatlyk sabyr-çydam» diýen söz bardyr» diýipdir.

Ol oglan bu hergiz ýadyndan çykmajak sapak alyp pälwanyň ýanyndan uly buýsanç, göwnühoşluk bilen dolanypdyr. Ýogsam, ol mertligiň, pälwanlygyň syryny her zatdan agtarardy, ýöne biri düşündirmedik bolsa, onuň şeýle syryny özbaşdak ömürylla öwrenip bilmezdi.

Biz käteler özümize degerli meseläniň çözgüdi elmydama çylşyrymly we aňymyzda, ýanymyzda ýa-da ýadymyzda ýok zatlardyr öýdüp pikir edýäris. Ýönekeý zatlardan netije gözlemeýäris. Ýogsam, ähli gözellikler, ähli başlangyçlar ýönekeýlikden gözbaş alyp, soňra kämillige ymtylýarlar ahyry.

## ÇÜÝŞÄNIŇ IÇINDÄKI JÜÝJE

Ýokary okuw jaýynda sapak berýän mugallymlaryň biri okuw ýyly tamamlanyp, synag möwsümi golaýlan wagty bir mesele bilen ýüzbe-ýüz bolupdyr. Sapagy düşündirip duran wagty, talyplaryň biri mugallymyň sözüni kesipdir:

– Ýoldaş mugallym... iňlis dili örän kyn sapak...

Bu talyp sözüni soňlaryna mähetdel, beýleki talyplar hem onuň pikirini alyp göteripdirler. Olar iňlis dilini öwrenmegiň we özleşdirmegiň örän kyndygyny biragyzdan ýaňzydypdyrlar. Biri bu ýerden, beýlekisi o ýerden, garaz, ählisi garşydaş bir topar ýaly bolup, dersiň kynlygyndan zeýrenşip otyrmyşynlar. Şeýdip olar wagtyň bisarpa, biderek ulanylmagyna ýol açypdyrlar. Mugallym biraz säginipdir. Sähel pikirlenip oturansoň, şeýle diýipdir:

– Ýagşy.., geliň onda bu gün sapak geçmäliň... sapaga derek bir oýun oýnalyň.

Talyplaryň hemmesi muňa el çarpyşyp begenipdirler.

Mugallym tagtanyň ýüzüne agzy dar çüýşäniň suratyny çyzypdyr. Şol çüýşäniň içinde hem bir jüýjäni çekipdir. Soňra talyplara şeýle sorag bilen ýüzlenipdir:

– Kim şu çüýşäni döwmän, jüýjäni daşyna çykaryp biler, ýöne jüýjä hem hiç hili zeper ýetmeli däldir – diýipdir. Şondan soň talyplar her dürli çaklamany orta atypdyrlar, emma olaryň hiç biriniň jogaby kanagatlanarly bolmandyr. Ýa çüýşäni döwmeli bolupdyr, ýa-da jüýjäni...

– Ýoldaş mugallym, çüýşäni ýa-da jüýjäni döwmeseň, ony şol ýerden çykaryp bolanok...

– Ýok, oýnuň şerti şeýle, bozmak bolanok – diýip, mugallym hem öňki şertini tutupdyr.

Ahyry talyplaryň biri degşip:

– Ýoldaş mugallym, kim jüýjäni çüýşäniň içine salan bolsa, şoňa aýdyň, nädip salan bolsa, şeýdibem özi çykarsyn.

Talyplaryň ählisi muňa gülşüpdir, emma gülki uzaga çekmändir. Mugallymyň: dogry..., örän dogry... diýen sözleri talyplary geňirgenmä gark edipdir:

– Edil özüňiz ýaly... sizem şeýdiň... iňlis dili agyr diýen düşünjäni akylyňyza mazaly siňdiripsiňiz. Men size sapagy her näçe yhlas bilen öwretmekçi bolsamam, ol pikir aňsat zady agyr edip görkezýär, siziň kabul etmek mümkinçiligiňize böwet bolýar. Özüňizdäki bu düşünjäni özüňiz beýniňizden aýryp taşlamasaňyz, men hiç hili netije gazanyp bilmerin. Hiç kimden kömek soramazdan şol pikiri kelläňize nähili salan bolsaňyz, şeýdibem ony ol ýerden çykaryň» – diýipdir.

## TÜWI DÄNESI

Hojaýynyň melleginde kärendesine işleýän daýhan öz ýanynda göwün ýüwürdipdir: «... menem baýlygymy az-owlak artdyrsam, ekip-bejerer ýaly özbaşdak ýer alyp bilerdim... menem durmuşymdan lezzet alyp ýaşasym gelýär... işdäm alan tagamy iýesim gelýär... rahat jaýda ýaşap, örňäsim gelýär...». Şeýle hyýallara gark bolup barýarka,

ol biriniň jar çekdirýän sesini eşidip, özüne gelipdir. Jarçy: «Indiki hepde şu melleklere ýanaşyk ýerlerden patyşa alyhezretleri geçjekdir. Hökümdaryň mübärek ýüzüni görmek isleýänler şu ýola gelip bilerler» diýipdir.

Daýhan içinden pikirlenipdir: «Ine, bu meniň üçin iň gowy pursat... ýerdäki dilegimiň ýerde, şu günki dilegimiň hut ertesi gowuşdygy. Patyşadan az-owlak gyzyl pul haýyş etsem, ol meniň arzuwlarymyň hasyl boljakdygynyň kepili... ol haýyşymy ret etmez, men onuň juda jomart we açyk göwünli adamdygyny kän eşitdim» diýipdir. Daýhan bir hepdeläp şeýle pikirler bilen ýaşapdyr.

Ahyry aýdylan gün gelip ýetipdir. Daýhanlar hormatly hökümdary garşylamak üçin ýoluň gyrasynda, mellekleriň raýyşynda hatara düzülipdirler. Uzakdan yzyna araba tirkelgi atlar peýda bolupdur. Daýhan patyşanyň arabasyna golaýlapdyr we hökümdara ýüzlenip: «Hormatly şahym, hormatly şahym... meniň bir haýyşym bar» diýipdir.

Patyşa arabany saklamagy buýrupdyr we daýhandan sorapdyr: «Näme arzyň bar, aýt, bakaly».

Daýhan sandyrap durşuna: «Maňa ýer satyn alar ýaly az-owlak altyn pul gerek...».

Patyşa ýylgyrypdyr: «Ilki sen maňa özüňden bir zat ber» diýipdir.

Daýhanyň galpyldysy artypdyr, ol içinden: «Bü-ýä bir husyt hökümdar eken... men-ä mundan soraýan, olam menden soraýar...» diýip, içini gepledipdir.

Ol azajyk oýurganyp duransoň, elindäki tüwi haltasyndan bir tüwi dänejigi alyp, patyşa uzadypdyr. Patyşa muňa hoşallyk bildiripdir we daýhana kelam agyz söz diýmän, atlylara ýola düşmegi buýrupdyr.

Daýhan lapykeç we tukat halda öýüne dolanypdyr. Göwün eden zady göz öňüne getirişi ýaly bolmansoň, dünýeden doýgun, arzuwy namut hala düşüpdir. Öýüne gelende, bilindäki tüwi haltajygyny aýalyna uzadypdyr we arassalamagy buýrupdyr. Birdenkä aýalynyň sesi gelipdir: «Tüwüleriň arasynda arassa altyndan guýlan bir tüwi dänesini tapdym».

Daýhan muňa geň galypdyr, bolan wakalary serinde aýlapdyr, soňra uludan dem alyp, gynanypdyr: «Wah, men hökümdara ähli tüwimi bermeli ekenim. Şeýdenimde, bir halta tyllam boljakdy» – diýipdir. Biziň köpimiz şu daýhan ýaly, özümizde bar zady bermäge gysylýarys we ýene-de özgelerden juda köp zady hantama bolýarys. Iň bolmanda her amala öz mukdaryndaky yhlasdyr zähmetimizi bir gysganmalyň.

## SERIŇI DURLA!

Bir adam öýüni satyp, başga has gowy öýe göçermen bolupdyr. Bir işewür, söwdagär dostunyň ýanyna baryp, öýüni satmak üçin oňat bildiriş ýazyp bermegini towakga edipdir. Dosty ol öýe belet bolansoň, ony şeýle bir gowy edip suratlandyrypdyr: öýüň gowy ýerde ýerleşýändigi, tutýan meýdanynyň giňdigi, taslama-gurluşynyň ajaýypdygy, goýry saýaly baglaryň bardygy, suw howdany we hammamy... hemmesini birin-birin ýazyşdyrypdyr. Ol ýazan zadyny dostuna okap beripdir. Öýüni satarman adam bu bildirişi üns bilen diňläpdir, ýene bir gezek okamagyny haýyş edipdir. Dosty muny gaýtadan okanda, öýüni satmakçy adam uly sesi bilen begençli gürläpdir:

Men ömür boýy şeýle jaýda ýaşamagy arzuw edip gezdim. Aslynda men şeýle jaýda ýaşaýandygymy senden eşidýänçäm, muny asla duýman gezipdirin – diýipdir. Soňra ýylgyrypdyr-da: «Haýyş edýän, gowusy, bu bildirişi hiç ýere ýaýratma. Meniň öýüm satuwa çykarylmaýar» diýipdir. Biz käteler öz ýaşaýşymyza başganyň gözi bilen hem garap göreliň, şonda şükür edere zadyň oýlaýşymyzdan örän köpdügine ýene bir ýola göz ýetireris.

## BAGTA ELTEN «ŞUM» TÄLEÝ

Siz gollandiýaly Wan Klofert atly daýhanyň ykbaly hakda gyzyklanyp görüpmidiňiz? Ol abadan we owadan durmuşyň arzuwynda öz ýurduny terk edip, Günorta Afrika göçüp gitmegi, ol ýerde ekerançy-

lyk meýdanyny satyn alyp, gowy girdeji gazanmagy ýüregine düwüpdir. Täze satyn aljak ýerini bakyp-bejerip, bol hasylly etmek maksady bilen Gollandiýadaky ähli mal-mülküni satyp, arzuwynyň salgy beren ýurduna tarap ýola düşüpdir. Ýöne juda ýaşdygy we toprakdan başy çykmaýandygy üçin ekerançylyga ýaramly bolmadyk ýeri satyn alandygyny soň bilip galypdyr. Ol ýer diňe bir şor bolmak bilen çäklenmän, gaýta satyn alan ýerinde içýanlar, zäherli ýylanlar hem örän köp eken... Arzuwment daýhan özüniň bu täleýine näme diýjegini bilmän durka, kellesine bir pikir gelipdir. Ol ekerançylyk hakdaky pikirlerini bir gyra taşlap, zyýanly we zäherli mör-möjeklere garşy serişdeleri oýlap tapmak hyýalyna münüpdir. Sebäbi zäherli jandarlar ähli ýerde hem bar we bu ugurdan meşgullanmak hem az girdeji getirjek däldi. Onuň gije-gündiz hyýaly-huşy, oýalygy-düýşi täze arzuwy bilen bagly bolýar. Täze-täze serişdeleri, dermanlary oýlap tapýar. Ol gysga wagtyň dowamynda şeýle bir göz gamaşdyryjy üstünlige ýetipdir. Onuň ekerançylyk üçin satyn alan meýdany häzirki wagtda zäherli mör-möjeklere garşy iň netijeli serişdäni öndürýän zawod bolup dur.

Bu kyssa maňa täleýiň oňaýsyz bijesini gowulyga tarap özgerdip bolýandygyny öwretdi. Munuň üçin üýtgeşik ýük götermek ýa-da hupbat çekmek gerek däl, diňe kelläňi işletmek we ýagdaýlara görä hereket etmek arkaly maksatlaryňy ugurly tarapa üýtgedip bilmek gerek. Käbir adamlar bir hyýala münensoň, onuň jylawyny goýbermelidir öýdenoklar. Şol bir arzuwyny üýtgedesi gelmeýär, başgarak, has bähbitliräk zady pikir etmäge, mahlasy täze arzuw etmäge ýaltanýar. Başgaça-da bolup biljekdigi hakda asla pikir edenok. Bu kyssa işi ugrukmaýan we lapykeç her bir adama sowgat bolsun. Biziň döwülen arzuwlarymyz dessine dürli başlangyçlara we öň hyýala sygmadyk pursatlara öwrülýär duruberýär. Biziň şu gün halamaýan zadymyz az wagtdan soňra biziň bähbidimize bolýar, bularyň ählisi «Nämedir bir zady halamazlygyňyz mümkin, ýöne ol siziň üçin haýyrlydyr» diýen owaldan gelýän düzgün-kada laýykdyr. Üstünlige ýeten adamlaryň ykbalyny okap görseň hem ilkibaşda olaryň köp muşakgaty başdan

geçirendiklerini bilersiň. Şol kynçylyklar olaryň hakyky baýlyga we şöhrata tarap bat, ugur alyş nokatlary bolupdy. Üstesine, şeýle üstünlikli adamlaryň köpüsiniň ýokary bilimleriniň ýokdugyny ýatlatmak hem artykmaçlyk etmezdi.

## MESELE ÖZÜMIZDE...

Bir adam aýalynyň gowy eşitmeýändiginden endişe edip başlapdyr. Beýdip gidiberse, günleriň birinde onuň ker bolup galaýmagy gaty mümkin... Ol gulak lukmanynyň ýanyna barmagy ýüregine düwüpdir. Aýaly bilen gürleşmekde kynçylyk çekýändigini arz edip, onuň gulagynyň agyrdygyny ýaňzytmak isläpdir. Lukmanyň maslahatyna görä hereket etmegi ýüregine düwüpdir.

Maşgala lukmany oňa: «Eşidiş ukybyny, derejesini barlap görmegiň köneden gelýän, däp bolup galan bir ýoly bar. Adamsy aýalyndan kyrk ädim uzaklykda durmaly we aýaly bilen adaty äheňde gürleşmeli. Saňa jogap berse, bu gowudygy, ýogsamam otuz ädimden gürleşmeli. Jogap berse, oňuna, ýogsam ýigrimi ädimden gürleşmeli. Seslense, eşidýändigi, ýogsam on ädimden gürleşmeli. Şeýdip, tä eşidýänçä aralygy ýygjamlatmaly».

Agşamara adamsy işden öýüne dolanypdyr. Aýaly aşhanada biş-düş bilen meşgul eken. Ol içinden maşgala lukmanynyň maslahatyny synap görmegiň tüýs wagty diýip, pikir edipdir. Ol aşhana otagyna tarap gidipdir we kyrk ädim çemesi uzaklykdan adaty ses bilen aýalyna habar gatypdyr:

– Ezizim, bu gün bize näme nahar taýýarladyň? – emma, jogap bolmandyr.

Soňra ol otuz ädim aralyga süýşüp, ýaňky soragyny gaýtalapdyr.

– Ezizim, bu gün bize näme nahar taýýarladyň? – emma, ýene-de jogapsyz galypdyr.

Soňra ýigrimi ädim golaýa süýşüpdir:

– Ezizim, bu gün bize näme nahar taýýarladyň? – emma, jogap bolmandyr.

Ol on ädim aralyga süýşüpdir:

– Ezizim, bu gün bize näme nahar taýýarladyň? – emma, ýene-de jogap bolmandyr.

Ol ahyry aşhana giripdir we aýalynyň arkasynda durup, ýaňky soragyny gaýtalapdyr:

– Ezizim, bu gün bize näme nahar taýýarladyň?

Aýaly ýylgyryp: - Ezizim, men saňa bäşinji gezek jogap berýärin – bu gün gowrulan towuk.

Kähalatda ähli mesele beýleki tarapdadyr öýdýäris, ýöne köplenç özümizde boluberýär. Diňe aýtmagy däl, beýlekileri diňlemegi hem başarmaly.

## HER KIMDE EJIZLIK NOKADY BAR

Biziň bärden gaýtmalarymyz we ejiz nokatlarymyz nähilidir bir ýol ýa-da ýagdaý bilen öz durmuşymyza mazaly täsir edýär.

Bir gün edara işgärleri ir bilen işe gelenlerinde esasy girelgäniň gapysynda ullakan harplar bilen ýazylan şeýle sözlere gözleri düşüpdir:

«Düýn şu edarada siziň öňe gitmegiňizi bökdeýän, ösmegiňize päsgel berýän adam dünýäden ötdi. Ýörite matam otagynda onuň tabydynyň ýanynda, merhumyň ýasyny tutup bilersiňiz!».

Birbada hemmeler bu habara – işdeş ýoldaşlarynyň ýogalandygyna gynanypdyrlar. Az salymdan soňra öňlerine bökdençlik döreden ol işgäriň kimdigini bilmek höwesi barha artyp başlapdyr.

Işgärler matam jaýyna tarap ýönelipdirler. Otagyň ortarasynda tabyt goýlan eken. «Merhumyň ruhy ynjamasyn, seresap boluň, ýuwaşrak görüň» – diýip, gorag işgärleri otaga adamlary bir-birden goýberipdirler. Tabydyň içindäki adamyň kimdigini görjek, tanajak bolup her kim oňa boýnuny uzadanda geň galýan eken we aýdara-diýere söz diline gelmeýän eken. Nähilidir bir zat olaryň ruhlarynyň çuňlugyna täsir edýän ýalymyş. Sebäbi tabydyň düýbünde kepenleriň arasynda ýüz görülýän aýna goýlan eken-de, her kim oňa seredende, öz keşbini görýän eken. Aýnanyň gapdalynda kiçeňräk ýazgyda bolsa:

«Diňe şu ýerdäki adam siziň arzuwlaryňyzy, maksatlaryňyzy bökdäp, ösmekden alyp galyp biler. Şondan başga hiç kim sizi bökdemez. Size päsgel berýän adam bu diňe siziň özüňiz» diýlip ýazylan eken.

Müdiriňiz ýa-da işdeşleriňiz, dostlaryňyz ýa-da aýalyňyz üýtgäni bilen, iş ýeriňiz ýa-da maddy ýagdaýyňyz üýtgäni bilen siziň durmuşyňyz üýtgemez. Öwrenişen ýagdaýyňyzdan, öz kesgitlän çägiňizden, serhediňizden çykman otursaňyz, görjek günüňizem öňküsi ýaly bolar. Pikir-düşünjeleriňiz, dünýägaraýşyňyz üýtgände, siziňem ykbalyňyz üýtgäp başlar. Has gowy ýaşasyň gelýärmi, has gowy zatlara hem ymtyl. Şahsyýetiňe we başarnygyňa göz aýla we daýan. Kynçylyklardan, şowsuzlyklardan, gözüňe mümkin däl bolup görünýän zatlardan asla çekinme!

## YLYM ÜÇ GARYŞDYR

Ussat pirleriň biri şägirtlerine ylym hakda gürrüň berip oturan eken: «Ylym üç garyşdan ybarat. Ylymda bir garyş öňe süýşenler, ähli ylmy ele aldyk diýip oýlanarlar we burunlaryny temege tutup, adamy äsgermezler. Ylymda iki garyş öňe süýşenleriň nebsi köşeşer we hiç hili ylymlarynyň ýokdugyna düşünerler. Üç garyş öňe süýşmek welin, her kese miýesser edip durmaz».

## MÜŇ DIRHEMLIK GAŞ

Omar ibn Abdyleziziň ogullarynyň biri elindäki ýüzüge müň dirhemlik gaş satyn alypdyr. Kakasy oňa hat ýazypdyr: «Oglum, eliňdäki ýüzüge müň dirhemlik gaş satyn alandygyňy eşitdim. Sen şol gaşy sat-da, onuň puluna müň sany ajy doýur. Barmagyňa halys ýüzük ötürmek isleseň, demir ýüzük satyn alyp, onuň ýüzüne «Özüniň ýagdaýyny bilýän adama Alla rehim eder» diýen sözleri ýazdyr. Her wagt ýüzüge göz aýlanyňda, bu ýazgy saňa köp zady ýatlatsyn dursun» diýipdir.

* 27. Sargyt № 975

# PURSAT PAÝLAÝAN BAGT

Deňziň kenarynda bir daşyň üstünde soňky döwürdäki ýagdaýlarymy göz öňüne getirip, gamgyn otyrdym. «Indi näçe aýyň içidir, hususy kärhanamyň işi ýatyp galdy. Öndürýän harytlarymyz geçiberenok. Döwtalap topulýan müşderiler mese-mälim azaldy. Üstesine, saglygym hem mazaly ýaramazlaşyp başlady. Lukmanyň «Özüňe seretdir, böwregiňe sanjym, derman al» diýenine alty ýyl geçipdir. Işleriň agdyklygyny bahana edinip, saglygyma birjik-de üns bermändirin. Aýalymam toýly, köpelmegiň öňüsyrasynda durus. Maşgalada täze perzende garaşýarys. Lukmançylyk çykdajylaryny nähili ödejegimi teý bilemok. Tizara çagalaryň hem okuwy başlar. Täze egin-eşik, kitap-depder... Bu zatlara nireden pul taparkam?» diýip oýlanýardym. Esasanam, yzygiderli üstünliklerden soňra birdenkä beýle çykgynsyz ýagdaýa duçar bolandygym ýadyma düşende, has darykýardym.

Şeýle oý-hyýallara çümüp otyrkam, bir geň wakanyň şaýady boldum. Deňziň kenaryndaky, meniň oturan şol daşymyň beýle gyrasyna bir poçtalýon gelip oturdy. Ýüzünden nur ýagyp duran bu adam diýseň şadyýandy, dünýäniň bir zerre derdi bardyr öýdenokdy. Nämedir bir zada göwni göterilip gelene meňzeýärdi. Ol meniň golaýymda ornaşansoň, ýantorbasyny açdy. Ondan bir, iki, üç ... birnäçe hatly bukjalary çykardy we ony şol töwerekden ötüp geçýän, özüne salam berýän adamlara paýlap başlady. Ol hatyň kimden gelendiginem, kime ýazylandygynam aýdanokdy, ýöne kim ýanyna gelse, her biriniň eline bir bukjany tutdurýardy. Poçtalýon ähli bukjalary şunuň ýaly geň usulda paýlap gutardy. Men hem onuň ýanjagazynda otyrdym. Bolýan wakalary nazarymdan sypdyrman synladym. Bukjadan doly torbanyň içi sähel salymda gutaryp galdy. Ol işini gutardym edensoň, myssa ýylgyrdy-da, torbasyny ýapdy we öz ýoluna gidiberdi. «Bu bir akylyndan azaşan, däli bolmaly» diýip, öz ýanymdan pikirlendim. «Beýdip ýörşüne basym işden kowlar we meniň günüme düşer». Bu poçtalýon hakdaky pikirlere duwlanyp otyrkam, ýanymdan geçip barýan, ýaşy goýalyşan, paýhasy nazaryndan bildirip duran adamlaryň biri sakga

sägindi. Ol meniň bu poçtalýony şeýle geň galyjylyk bilen synlandygymy gören bolmaly. Ol: «Sen ýanyňda oturyp giden adamyň kimdigini bilýärmiň?» diýip sorady. «Ol akylyndan azaşan, däli-mejnun biri bolmaly» diýip, desbi-dähel jogap berdim. Ol myssa ýylgyrdy-da: «Ýok, ol däli-mejnun däl, ol bagt. Kim özüne tarap ýönelse, şoňa amatly we ajaýyp pursatlary, şowly nesibeleri bagyş edýän bagt ol... emma sen bagtyň hut ýanjagazynda oturybam, diňe içki pikirleriňe gümra bolup, geň galdyň oturdyň, iň bolmanda, «Siz kim bolarsyňyz?» diýibem soramadyň. Diňe şol hereketi edenligiňizde hem, bagt özüni tanatjakdy we ýüz tutandygyňyz üçin siziň amatly pursatlardan nesibäňizi berjekdi» diýdi.

Käte biz alada-ünjülere şeýle bir berilýäris. Diňe özümizi görüp, içki pikirlere boglup oturyşymyza, alnymyzda duran amatly pursatlary duýman galýarys. Her hili çykgynsyz ýagdaýa düşeniňde hem, üstünlige eltýän ýollaryň hut öz ýanyňyzdan gözbaş alýandygyny, ýöräp, ýetip biljek ýeriňizden tapylýandygyny unutmaň.

## AKYLDAR WE IÇÝAN

Akyldarlaryň biri derýanyň kenarynda töweregiň gözelliklerini synlap, tebigatdan lezzet alyp oturan ekeni. Birdenkä onuň gözi suwa gaçan içýana kaklyşypdyr. Ol gark bolmakdan halas bolmak üçin janhowluna urunýan ekeni. Akyldar elini uzadypdyr-da, içýany alyp, halas etmek isläpdir. Elini ýetireni hem şol ekeni içýan onuň barmagyndan çakypdyr. «Eý, wäk» diýip akyldar elini yza çekipdir. Agyrysy mazaly bildirýän bolmaly, emma muňa garamazdan aradan minut salym geçmänkä ýene-de şol içýany bu apatdan gutarmak üçin elini uzadypdyr. Içýan onuň elinden ikinji gezek çakypdyr. Akyldar ýene elini yzyna çekipdir we agyrysyna çydap, az salym oturypdyr. Içýany halas etmek üçin üçünji gezek elini uzadypdyr. Bu bolýan wakalary golaýrakdan synlap oturan başga biri akyldara seslenipdir: «Eý, akyldar goja, sen birinji gezekden hem, ikinji gezekden hem netije çykarmadyň öýdýän, awunan ýeriňe eýýäm üçünji gezek eliňi uzadýaň... özüňi çakýan

içýany halas etmek nä derkar?» diýipdir. Akyldar bu sözleri eşitse-de, oňa baş galdyrmandyr. Üçünji gezek hem elini uzadypdyr we bir tärini tapyp, içýany suwdan halas edipdir. Soňra ýaňky seslenen adamyň ýanyna barypdyr. Egnine eline goýup: «Oglum, içýanyň häsiýeti – çakmak, meniň häsiýetim – bagyşlamak we kömek etmek. Näme üçin onuň häsiýetiniň meniň häsiýetimden üstün çykmagyny isleýärsiň?» diýipdir. Adamlara öz häsiýetiň bilen gara, öz bolşuň ýaly bol, olaryň häsiýetine görä bolma, olara görä üýtgeme. Hatda olaryň hereketleri, aýdan sözleri, edýän işleri käteler içýan awusy deýin janyňdan ötýän hem bolsa sen öz häsiýetiňe mynasyp jogap ber.

## AKYLLY KAZY

Tüçjar baýlaryň biri daýhana özüniň guýusyny satypdyr. Ekin möwsümi gelende daýhan ýaňky guýusynyň suwuny peýdalanmak isläpdir, emma tüçjar baý: «Men saňa guýyny satdym, onuň içindäki suwy satmadym. Eger-de ekiniňi suwarmakçy bolsaň, suwuň bahasyny aýratyn tölemeli bolarsyň» diýipdir. Daýhan bu geleşige razy bolmandyr we kaza ýüz tutupdyr. Kazy hem taraplary diňlemek üçin tüçjary kazyýete çagyrypdyr. Kazy tüçjar baýa: «Eger-de sen diňe guýyny satyp, içiniň suwuny satmadyk bolsaň, onda sen öz suwuňy onuň guýusynda saklandygyň üçin daýhana hak tölemeli bolýarsyň. Bolmasa-da guýyň ähli suwuny oňa bagyş etmeli bolýarsyň» diýipdir. Tüçjar baý bu ýerde ähli hile-piriminiň, öňden taslan ýaman päliniň ýol almajakdygyna düşünipdir we öýüne lapykeç dolanmaly bolupdyr.

## ÄHMIÝETLI ŞAHS

Edara ýolbaşçylarynyň biri töweregindäkilerde özüniň juda gerekli we ähmiýetli adamdygy hakdaky pikiri oýarmak isleýän eken. Her gezek kimdir biri gapyny kakanda, dessine telefonyny eline alyp, özüni biri bilen gürleşýän kysmy alyp barypdyr. Gapydan giren adama bolsa: «Geliň, geçiň, oturyň. Ýöne bir minutjyk tagapyl ediň,

men şu wagt bir möhüm meseläniň çözgüdini tapjak bolup otyryn» diýer ekeni. Soňra bolsa telefona dowam edip: «Hä, hawa... ýaňky aýdyşym ýaly ýerine ýetirseňiz, hökman netijeli bolar.. elbetde.. bolýar, habarlaşyp duruň» diýer ekeni. Bu gezek hem şu ýerine çenli hut şeýle bolupdyr. Ol telefon trubkasyny goýupdyr-da: «Aýdyberiň, näme mesele bilen geldiňiz?» diýip, täze gelen adamdan sorapdyr. Ol adam elindäki gurallary görkezip: «Hojaýyn, men siziň işlemän duran telefonuňyzy bejermäge gelipdim..» diýip jogap beripdir.

Ýasama häsiýet haçandyr bir wagt sepini bildirýär. Şonuň üçin adamlara ýa-da ýagdaýlara görä öwsüp ýörmän, öz bolşumyz ýaly görnübereliň.

## ÝEKE NILLI TÜPEŇ

Çagajyklaryň biri kakasyndan nyşana ok atmak üçin oýnawaç aw tüpeňlerinden alyp bermegini haýyş edipdir. Ertesi ir bilen kakasy hem-de ogly oýunjak dükanyna baryp, satyjydan özlerine gerekli harydy sorapdyrlar. Satyjy olara oýnawaç aw tüpeňleriniň birnäçe görnüşini görkezip, içinden saýlamagyny olaryň özüne goýupdyr. Emma kakaly-ogul haýsysyny saýlajagyny bilmän kän ikirjiňlenipdir. Ahyry hem satyjynyň öz pikirini bilmek isläpdirler. Satyjy ýylgyrypdyr-da, olara düşündirip başlapdyr: «Ine, bu ýeke nilli tüpeň. Bu bolsa goşatar. Muňa birbada bir ok salyp bolýar, beýlekisine bolsa iki ok. Ýöne, özüme galsa-ha ýeke nilli tüpeňi saýlardym» diýipdir. Kakaly-ogul bu jogaba geň galypdyr: «Birbada iki ok sürüp bolsa gowy dälmi näme?» diýipdir. Satyjy: «Ýeke nilli tüpeňde ähli ünsüňi şol atjak okuňa jemleýärsiň we nyşanany urmak mümkinçiligi ýokarlanýar. Goşatarda bolsa: «Muny boş geçiräýsem, ýene bir okum bar, munda almasam, onda almaga synanyşaryn» diýýärsiň hem-de ünsüň dagynyk bolýar. Ünsüň dagynyk ýerinde bolsa nyşanany urmak müşgil bolup galýar» diýipdir. Şeýdip kakaly-ogul ýeke nilli oýunjak tüpeňini satyn alypdyrlar. Ýolda gelýärkä ogly kakasyna: «Kaka, men şu gün oýunjak dükanyndaky satyjydan bütin ömrüme ýetjek sapagy öwren-

dim. Durmuşyň ähli ýagdaýlarynda ünsüňi ilkinji gezekde nyşanany urmaga jemlemeli. Soňa süýşürdigiňçe, onuň hasyl bolmazlygy has artyp gidýär» diýipdir. Mümkinçilikleri, pursatlary sypdyrman, ony ilkinji gezekde peýdalanmagy başarmaly. «Ýene bir gezek pursat bolar» diýip, ýeterlik üns bermesek, üstünlikden mahrum galynmagy mümkin, çünki şol bir pursat ikinji gezek gaýtalanmaýar.

## SEKIZ ZAT

Akyldarlaryň birinden: «Wajyp we has wajyp, täsin we has täsin, agyr we has agyr, ýakyn we has ýakyn zatlar näme?» diýip sorapdyrlar. Akyldar olara şeýle jogap beripdir: «Ýazygyňa dessine ökünmek we toba etmek wajyp, emma ýaramaz işlerden, oňlanylmaýan hereketlerden gaça durmak, çetleşmek has wajyp. Wagtyň juda çalt geçýändigi täsin, ýöne ynsanyň muňa asla ähmiýet bermeýändigi, gapyl galýandygy has täsin. Kynçylykly günlerde sabyr etmek agyr, emma ondan gazanjak sogabyňy zeýrenç arkaly ýele gidermek, ýitirmek has agyr. Umyt edýän her bir zadyň ýakyn, emma, duýup bilýän adam üçin, olara eltýän ynam olardan-da has ýakyn».

## GALAM BILEN USSANYŇ SÖHBEDI

Ussa ýaňy ýasap bolan galamyna ýüzlenipdir:

«Seni uzak ýola ibermezimden owal bäş sany ýagdaýy bilmegiňi isleýärin, şonda sen iň gowy galam bolarsyň:

Birinjiden, ýagşylyk edýän adamlaryň eline düşmäge çalyş, şonda sen örän beýik işleri amala aşyryp bilersiň.

Ikinjiden, kähalatda ýitelmegiň üçin agyry-ynjylara uçrarsyň, emma has gowy bolmagyň üçin bu zerurlykdyr.

Üçünjiden, sen öz ýalňyşyňy özüň düzedip bilmäge ukyplysyň.

Dördünjiden, elmydama iň ähmiýetli bölegiň seniň içiňde bolar.

Bäşinjiden, ýagdaýyň nähilidigine garamazdan, sen ýazmagy dowam etmelisiň... ýagdaýlaryň her näçe gatydygyna garamazdan, sen öz yzyňda düşnükli ýazgy galdyrmalysyň.

Galam ussanyň özüni ýasanda aýdan bu sözlerine düşünipdir we galam gutusynyň içine girip, gitmäge taýýarlanypdyr.

Indi, sen özüňi şu galamyň ornunda goý we ýokarky bäş ýagdaýy ýadyňdan çykarma:

Birinjisi, sen birnäçe beýik işleri edip bilersiň, ýöne bir şerti bilen – hemişe ýagşylara ýoldaş bolsaň, ýagşy niýetden ugur alsaň... Başarnygyňy görkez, şonda gerekli adamlaryň özi seni idäp gelerler.

Ikinjisi, wagtal-wagtal ýonularsyň... Has güýçli we durmuşa taýýarlykly adam bolmagyň üçin ýüz berýän kynçylyklar seni ýonar durar. Has kämilleşmegiň hatyrasyna sen bu zatlara döz gelmelisiň.

Üçünjisi, öz goýberen ýalňyşlyklaryňy, säwlik-hatalaryňy özüň düzedip, ýene-de öňe ilerlemäge ukyplysyň.

Dördünjisi, seniň iň möhüm bölegiň seniň gursagyňdadyr.

Bäşinjisi, haýsy ýoldan ýöreýän hem bolsaň, ömür ummanynyň durmuş kenarynda aýak yzlaryňy galdyrmalysyň – hemişe ýagşy iş edip, ýagşylyk bilen ýatda galmalysyň.

Biziň her birimiz şeýle galam. Olaryň her biriniň maksady, ýöremeli ýoly, ötmeli menzili bar. Zeminde özümize niýetlenen durmuş düşeginde ornaşmagymyz we ýüreklerimize guýlan maksatlara ýetmegimiz üçin biziň bu zatlara düşünmegimiz we ýatlamagymyz, ýerine ýetirmegimiz gerek.

## PILLER NÄME ÜÇIN GAÇMAÝAR?

Birnäçe ýyl mundan ozal uly şäherleriň birinde gezip ýörkäm, şol ýerdäki sirke baryp görmek miýesser etdi. Bu diýseň täsirli gezelenç bolupdy. Şonda ýolbarslaryň, gaplaňlaryň, žirafalaryň, pilleriň arasynda aýlanyp görmäge mümkinçilik tapdym. Sirkiň ähli haýwanlary täsindi.

Pilleriň arasynda gezip ýörkäm, birdenkä sakga durdum. Kellämde ýylpyldan bir pikir meni geň galdyrdy. Bu äpet haýwanyň öňdäki bir aýagy sadaja bir ýüpe baglangy durdy. Ne zynjyr bardy, ne-de kapasa.. Piller ümdüzine tutsa ýa-da güýjüne daýansa, islen-

dik bagy üzüp biljekdigini bilýärdim, emma bu pil beýtmeýärdi. Men pilbandan munuň sebäbini soradym: «Näme üçin bu haýwan jadylanan ýaly bolup, butnaman dur, gaçjak-goýjak bolanok?» diýdim. Pilban: «Bu piller heniz çagaka biz olary şunuň ýaly gowşajyk ýüp bilen daňýarys, sebäbi şol ýaşda şol ýüp olary saklamaga ýeterlik bolýar. Ulalanlarynda hem olar şol pikirlerinde galýarlar: «Bu ýüpden boşanyp bolmaz, bu ýüp bizi goýbermez» diýen ynanç bilen gezýärler we boşamaga asla synanyşmaýarlar» diýdi.

Bu piller maňa aglaba adamzat köpçüligini ýadyma saldy. Durmuşda meňzeşlikler örän kän. Köpimiz edil piller ýaly ýaşaýarys, ýöne aňymyzda berkän ýalňyş düşünjelere baglanyp galýarys we hiç zat etmegi başarmaýarys, hiç zadyň hötdesinden gelmeýäris. Diňe şunuň özi uly şowsuzlyk. Gör, näçe adam täze bir zada synanyşyp görmekden gaça durýar... sebäbi oňa päsgel berýän we kämilleşmekden, özgermekden saklaýan zat biziň ýalňyş düşünjelere uýýanlygymyz. Has ýaramazy, adamlaryň käbiri diňe öz pikiri bilen däl, eýsem, başga biriniň ýalňyş sözi, galp düşünjesi zerarly hem öz amatly awundan – hasyl edip boljak beýik arzuwyndan mahrum galýar. Piller ýaly bolsak, onda haçandyr bir wagt täsirine berlen ýalňyş sözümiz bizi öňe batly ýöremekden saklar durar. Hemişe aýdylýan bir söz bar: «Haýsy zat babatda berk pikire gelseň, şony amala aşyrmak şonça-da mümkindir».

Betbagt pil ýaly bolma... ýyllaryň dowamynda dörän ýalňyş düşünje sebäpli durmuşyňy maksatsyz ýaşama! Durmuşyň öňündäki jogapkärçiligiňe dogry düşün we boýnuňa al! Arzuwlaryňy döwýän adamlardan we ýagdaýlardan ägä bol! Ýaşap biljek iň aňrybaş derejäňde ýaşa! Çünki sen has gowusyna mynasypsyň.

## ÖZÜŇI BARLAMAK

Kiçijik oglanlaryň biri bazaryň gaýra gyrasyndaky awtomat telefonlaryň ýanyna barypdyr. Heniz boýy ýeterden ir bolandygy

üçin, şol ýerdäki sandyjagy telefon trubkasynyň aşagyna süýşüripdir. Sandygyň üstüne münüp, telefon trubkasyny alypdyr we san düwmelerini basyp, gerekli belgisini aýlapdyr. Telefonlara seredýän adam bu oglanjygyň özüni alyp barşyna syny oturypdyr. Olaryň näme gürleşýändiklerini bilmek isläpdir.

Telefon trubkasyny gulagyna ýetiren oglanjyk: «Garry ene, men size işe durmak isleýärin, belki-de bagyňyzdaky otlary orup bererdim» diýipdir. Emma aňyrdan ýaňlanan zenan sesi oglanjygyň bu islegini ret edipdir: «Sag bol, balam. Bizde bagymyzyň otuny orup berýän bir oglanjyk bar» diýipdir. «Ýöne, maňa şoňa töleýän hakyňyzyň ýarpysyny töleseňiz hem razy bolardym» diýip, oglanjyk per bermän, erjellik bilen sözüni dowam edipdir. Aňyrdan gürleýän zenan bu gezegem şol oglanjygyň edýän işlerinden, hyzmatyndan hoşaldygyny, onuň ornuny başga biri bilen çalyşmak hyýallarynyň ýokdugyny mälim edipdir. Oglanjyk hem yza tesmändir: «Men howlyňyzyň daş-töweregini, ýanýodalaryny, öýüň öňündäki teläriňizi hem arassalaryn. Siziň öýüňiz şäherdäki iň owadan bag-bakjaly, owadan howly bolar» diýip, ähli başarnygyny we başaryp biljek zatlaryny aýdyp ýetişipdir. Emma zenan maşgala ýene bir ýola bu oglanjygyň teklibini ret edipdir.

Oglanjyk uludan dem alyp, özünden hoşallyk bilen şadyýan ýylgyrypdyr-da, telefon trubkasyny ýerinde goýupdyr.

Bu gürrüňdeşligi ýakyndan diňläp oturan telefon eýesi oglanjygyň janaýamazaklygyna, hümmet-gaýratyna, zähmetden gaçmaýan isleg-höwesine seredip: «Han ogul, saňa göwnüm ýetdi. Isleseň, men seni öz howlymyzda işlemäge çagyryp bilerin» diýipdir. Oglanjyk: «Teklibiňize sag boluň ýaşuly, men diňe öz hojaýynymyň meniň edýän işlerimden razy ýa-da hoşal däldigini barlamak, bilmek üçin şeýtdim. Ýaňky zenanyň öýünde işleýän oglan meniň özüm» diýip jogap beripdir.

Käteler biz özümizi barlap, synap, daşyndan synlap durmaly. Bärden gaýdýan ýerimiz ýa-da egrelen ýolumyz bar bolsa, düzetmeli. Özgeleriň edýän işimizden hoşallygyna seredip, ynsabymyzy

ynjaldyryp durmaly. Bu hem özüňi tanamagyň we taplap durmagyň bir ýoly.

## ELÝAGLYK SATÝAN GYZJAGAZ

Bir gün telewizorda bir filme tomaşa edip otyrdym. Filmde alty ýaşlaryny ýaňy dolduran gyzjagaz köçede aýlanyp, goltugynda göterip ýören kagyz elýaglyklaryny satýardy.

Birdenkä gyzjagaz aglap duran bir zenanyň gabadynda sak-landy. Oňa dykgat bilen üns berdi. Zenan maşgala başyny galdyryp, gözýaşa ezilen ýüzi bilen seredende, gyzjagazyň oňa bir elýag-lygy uzadyp durandygyny gördi. Gyzjagazyň ýüzündäki mähirli ýylgyryşyň çuň ýürekden çykýandygyny duýmak kyn däldi. Gyzja-gaz şadyýan ýylgyryş bilen ol zenanyň ýanyndan uzaklaşdy. Hatda zenan maşgala oňa elýaglygyň bahasyny töläbem ýetişmedi. Birnäçe ädim uzaklaşanyndan soňra, gyzjagaz yzyna garady-da, şol mähirli ýylgyryşy bilen zenan maşgala elini galgadyp, ýene-de ýoluny dowam etdi. Bu çaga ýylgyryşy zenanyň kalbyna giňlik salypdy.

Aglap duran zenan öňki pikirlerine dolandy. Soňra el telefonyny çykaryp, şeýle mazmunly hat ýollady: «Meni bagyşla, sen bu babatda mamla!».

Bu sms-habar şäheriň restoranlarynyň birinde gaýgyly oturan adamsyna baryp ýetdi. Hatyň mazmunyny okanda, onuň ýüzi ýag-tylyp gitdi. Hyzmatçyny çagyryp, begenjine bäş teňňelik çaý hakyna derek elli teňňe töledi.

Hyzmatçy beýle rysgala garaşmaýardy. Ýönekeý çaý üçin uly hasap tölenmegine guş bolup uçdy we restorandan çykyp, ýanýodanyň gyrasynda süýji-halwa satýan garry enäniň ýanyna bardy. Ondan iki teňňelik halwa satyn aldy we bahasyna derek ýigrimi teňňe töläp, ga-lan on sekiz teňňäni sadaka hökmünde berdi.

Garry enäniň bu pullara gözi doňup galdy. Ol muňa örän be-gendi. Begençden ýaňa ýüregi owsun atýardy. Ol halwa-süýji ýa-

zylan düşegini ýygnap, bazara bardy we satyjydan bir bölek et satyn aldy. Garry ene öýüne dolanyp, nahar-şor taýýarlamaga başlady. Uly şöýünç bilen basym dolanyp gelmeli agtyjagyna garaşýardy. Agtyjagy onuň üçin dünýädäki iň eziz zatdy.

Birnäçe wagtdan soň gapy açyldy we agtyjagy bosagadan ätledi. Onuň ýüzüniň begenji-şatlygy öýüň içini nura dolduryana meňzeýärdi. Bu hälki elýaglyk satýan gyzjagazdy.

Bu günki nahar-şorly bereketli tagamyň we wakanyň dowamyndaky ähli begençleriň şol gyzjagazyň başdaky ýekeje ýylgyryşyndan ugur alandygyny ýadyňyzdan çykarmaň. Il arasynda «Dost-doganyň ýüzüne ýylgyryp bakmak hem sadakadyr» diýilýär. Birje ýylgyryş birnäçe adamyň ruhy dünýäsine ýagtylyk çaýyp bilýärkä, ony gysganmagyň hiç hili hajaty ýok.

Biziň her birimizde şu çaganyňky ýaly arassa ýylgyryş bar, ýöne biz şony özgelere bagyş edip bilýärismi?

Gaýgyly adamyň ýüzüne ýürekden çykýan ýylgyryş bilen bakyp gördüňizmi?

Ýakymly sözleri süýji ýylgyryşlar bilen utgaşdyryp, ulanyp gördüňizmi?

Şeýdeniňizde, ykbal size çekýän zähmetiňiziň gaýtargysyny esse-esse edip özüňize dolar.

## BARY-ÝOGY BÄŞ MINUT...

Akylly-üşükli adamlaryň arasynda şeýle bir kada-düzgün bar. Bu düzgüniň ady «Bary-ýogy bäş minut». Özüňi terbiýelemekde juda ähmiýetli bolan bu usul esasynda bary-ýogy bäş minutyň içinde örän ähmiýetli, wajyp, zerur zatlara hötde gelip bolýar.

Bu düzgün hemme işleri dynmak üçin bäş minutyň ýeterlikdigini aňlatmaýar. Ýöne bäş minut hakdaky şol düşünjäniň esasynda özüňi mazaly terbiýeläp, işjanlylyk we zähmetsöýerlik babatda,

dogry-düz ýola düşmegiňe, işleri netijeli tamamlamagyňa sebäp bolup biler.

Mysal üçin, haýsydyr bir möhüm işe girişmeli bolsaňyz, sagat dillerini bary-ýogy bäş minut öňe süýşüriň we bäş minut ir girişiň. Bu şol ýagdaýa tiz uýgunlaşmagyňyzy üpjün eder.

Eger-de kitaphanadan dessine çykyp gitmegi ýüregiňe düwen bolsaň, «bary-ýogy bäş minut» tagapyl et we ýene-de birnäçe zatlary okap, maglumat goruň üstüni ýetir.

Eger-de kitap okamaga, täze zatlary öwrenmäge ýaltanýan bolsaň, dessine kitaplary eliňe al we «bary-ýogry bäş minut» oka, dowamy öz-özünden biter.

Eger-de işe höwessizlik haýsydyr bir haýyrly işiň başyna barmakdan saklaýan bolsa, «bary-ýogy bäş minut» diý-de, gözüňi ýumup, şol işiň bir ujundan gir.

Eger-de ylmy eserler özüne çekmeýän, imrindirmeýän bolsa, «bary-ýogy bäş minut» wagtyňy sarp edip, okamaga giriş, bir başlasaň, eseriň yzy seni täsirine gaplar.

Belli-belli işleri zol-zol wagtyndan soňa süýşürýän bolsaň, «bary-ýogy bäş minut» wagtyňy sarp et we irgözinden işe giriş. Galany ugrugar gider.

Anyk bir wagta çenli bitirmeli borjuň bar bolsa, her gezek işe başlanyňda «bary-ýogy bäş minut» ir başla we ir dyn, iň bolmanda wagtynda dynarsyň.

Ulag süreniňde tizlige üns berip, howlukmaçlyk edýän bolsaň, «bary-ýogy bäş minut» diýip, tizligiňi peselt we asuda sürüşe geç. Gaýta, şeýdeniňde barmaly menziliňe wagtynda aman-asuda ýetersiň.

Eger-de hökman görünmeli tanyş-bilşiň bar bolsa we şol wagt hem başga bir zerur iş ýüze çykan bolsa, işleriňi saldarlap gör, eger-de soňky çykan iş az ähmiýetli bolsa we göwnüň didar küýseýän bolsa, «bary-ýogy bäş minut» wagtyňy zyýarata sarp et, soňra işiňe dolan.

Eger-de ýakyn garyndaşlaryň babatynda haksyzlyk edip, kimdir biriniň göwnüne degen bolsaň, telefonyňy eliňe al we «bary-ýogy bäş

minut» wagtyňy sarp edip, olar bilen gürleş, öýkesini ýaz. Aslynda-da, siziň bu hereketiňiz bäş minutdan köp wagt almaz.

Eger özüňizde semizlik duýup başlan bolsaňyz, nahara wagtynda başlasaňyz hem, eliňizi nahardan «bary-ýogy bäş minut» ir çekiň. Şonda ýagdaýyňyz ýuwaş-ýuwaşdan kadalaşar.

Eger-de «bary-ýogy bäş minut» düzgün-kadasy saňa ýaramaýan bolsa: «Bähbit bolsun, her näme-de bolsa muny okamak üçin bary-ýogy bäş minut sarp etdim» diýip, ýene-de begenip bilersiňiz.

## ARZ ALLAHA

Agamyň ýanynda böwrümdäki agyry-sanjydan zeýrenäýmenmi, al-petimden aldy. «Inim, agam ogly, başyňa düşen zat dogrusynda hiç kimsäniň ýanynda dil ýarmagyn. Adamlar iki tüýslüdir: göwni ynjajak dostuň bardyr, begenjek duşmanyň bardyr. Inim, şunuň ýaly agyryny özünden dep edip bilmeýän özüň ýaly mahlugyň (biçäräniň) ýanynda içiňi döküp oturma. Arzyňy diňe seni bu günlere salana - Allaha aýt. Diňe şol bu derdiň dermanyny bermäge kadyrdyr. Inim, kyrk ýylyň içidir iki gözümiň biri depäni-düzi oňly saýgaranok. Emma men şu ýagdaýymy ne aýalymyň, ne bala-çagalarymyň, ne garyndaşlarymyň ýanynda ýatladym. Meniň bu halymdan bir Alla habarly. Bir salyh bendäniň aýdan sözleri bar, pugta ýadyňda sakla:

«Zelel-zepere uçranlara geň galýaryn, olar neneň «Maňa zeper ýetdi. Şepagat edijileriň hem iň rehimdary Sensiň» diýen sözleri aýtmagy ýadyndan çykarýarlar. Allatagala munuň yz ýanyndan: «Onuň nalyşyna (dogasyna) gulak asdyk we ony zyýan-zelelden halas etdik» diýýär.

Gaýgy-gama uçranlara geň galýaryn, olar neneň «Senden başga hiç hili ylah ýok, eý Päk Perwerdigärim, men özüme jebir etdim» diýmegi unudýarlar. Allatagala bu sözüň yz ýanyndan: «Onuň nalyşyna (dogasyna) gulak asdyk, ony gaýgy-gamdan halas etdik. Ine, biz möminleri şeýle halas edýäris» diýýär.

Nämedir bir zatdan gorkýan, çekinýän adamlara geň galýaryn, olar neneň: «Bize bir Allahyň özi ýeterlikdir, ol iň ynamdar wekildir» diýen sözlerini diýmekden gapyl galýarka?! Allatagala şol sözüň yzy-süre: «Mundan soňra Allahyň nygmaty we keremi bilen gowy günlere erişdiler, olar birjikde ýamanlyk ýüzüni görmediler» diýýär.

Özüne hile-mekirlik edilýän adam, neneň-neçün «Işlerimi Allaha tabşyrdym, Allatagala ähli bendelerini görüp-bilip durandyr» diýmegi unudýarka? Çünki şol sözüň yz ýanyndan Allatagala: «Allatagala ony özgeleriň ýaman hile-mekirliklerinden gorady» diýip aýdýar ahyry.

Allatagala bol nygmat eçilen mahaly onuň yzy tükener, kesi-ler öýdüp gorka çümýän adamlara geň galýaryn, olar neneň-neçün Perwerdigäriň: «Bagyňa giren mahalyň «Bu Allahyň islänidir (Bu Al-lahdandyr, meniň güýjüm bilen däldir. Allahyň kuwwaty bilen boldy). Allahdan başga hiç kimde güýç-gudrat ýokdur» diýseňdiň...» diýen sözlerini unudýarkalar? Çünki munuň yzyndan Allatagala: «Allata-gala maňa seniň bagyňdan hem (mundan hem) haýyrlysyny berer» diýýändir.

Sen arzyňy, dileg-dogaňy, haýyş-mynajatyňy diňe Allaha aýt, Allah onuň jogabyny gijikdirýän däldir.

## KIM KÖP IŞLEÝÄR?

Adamlaryň biri gündeki işiniň argynlygyndan basylyp, psiho-log lukmana ýüz tutupdyr. «Göwün göteriji bir hoşamaý söz aýdyp, derdimi egismeseňiz ýa-da däri-derman maslahat bermeseňiz, halys ýadadym» diýipdir.

«Siz kim bolup işleýärsiňiz, wezipäňiz, käriňiz näme?» diýip, lukman soragly nazaryny hassa dikipdir. «Men banklaryň birinde hasapçy bolup işleýärin» diýip, ol adam argyn göreçlerini aşak egip-dir. «Aýalyňyz kim bolup işleýär?» diýip, lukman sorapdyr. «Aýalym öý hojalykçy, ol hiç ýerde işlänok» diýip, hassa uludan dem alypdyr.

Lukman: «Irden sizi we çagalaryňyzy kim ukudan oýarýar, size, çagalaryňyza ertirligi kim taýýarlaýar?» diýip, sorag bermesini dowam edipdir.

«Aýalym taýýarlaýar, sebäbi ol başga ýerde işlänok» diýip, adamsy müýnürgemän hakykaty ýaňzydypdyr. «Aýalyňyz sagat näçede oýanýar we siz sagat näçede ukudan galkýarsyňyz?» diýip lukman soranda, «Aýalym irden sagat bäşde oýanýar, men sagat ýedide. Sebäbi ol ir turup ertirlik taýýarlaýar, soňra çagalary iýdirip-içirýär, geýindirýär we mekdebe eltip gelýär. Sebäbi ol başga hiç ýerde işlänok» diýip, ýadaw adam jogap beripdir. «Çagalary mekdebe eltip gaýdanyndan soň aýalyňyz näme bilen meşgullanýar?» diýip, lukman sorapdyr. «Mekdepden gelensoň, ol günortanlyk taýýarlap başlaýar. Egin-eşikleri ýuwýar, öýi syryp-süpürýär, çagalaryň okuwdan gelerine garaşýar. Sebäbi onuň başga işi, wezipesi ýok... Men bolsa irden işime gidip, öýlän bäşe çenli şol ýerde bolýaryn» diýipdir. «Giçlik öýe dolananyňdan soň, siz nämeler edýärsiňiz, aýalyňyz näme iş edýär?» diýip, lukman sorapdyr. «Ilki agşamlyk edinýärin. Soňra uzak günki işiň ýadawlygyndan ýaňa dem-dynç alýaryn. Ondan soňra gazet-žurnallara göz gezdirýärin. Telewizora tomaşa edýärin. Aýalym bolsa çagalar bilen bilelikde olaryň öý işlerine kömekleşýär, sapaklaryna ugrukdyrýar. Soňra gap-gaçlary ýuwuşdyrýar, öýi, otaglary arassalaşdyrýar, çagalaryň ýorgan-düşegini ýazyp, olary uka batyrýar» diýipdir.

Lukman bu gürrüňlerden soňra ol adama bakyp: «Hiç ýerde işlänok» diýýäniňiz sizden has köp işleýän ýaly-la. Daň atandan giç agşama çenli öý-hojalyk, maşgala aladasy bilen ber-başagaý bolup, munuň üçin haksyz-heşdeksiz işläp ýören adam dem-dynja mätäçmi ýa-da irden dokuzdan öýlän bäşe çenli bir oturan ýerinde bir işe meşgul bolýan we üstesine bu işleri üçin zähmet hakyny hem alyp oturan adam? Kim has köp işleýär we kim dynç almaga has mynasyp, özüň pikirlenip gör!» diýip, lukman maslahat beripdir.

Bu adaty bir maşgalanyň gürrüňi, ýöne bu tymsal käteler ýadawlyga ýan berip, özüňi beýlekilerden artyk işleýändirin öýden pursatlaryň sizden has köp işleýän, ýöne muny ýaňzydyp ýörmeýän adamlaryň bardygyny unutmazlyk üçin gerek.

## SAÝYL

Saýyl-sergezdanlaryň biri uly ýoluň gyrasynda, köneje sandygyň üstünde oturyp, ötenden-geçenden zat hantama bolýan ekeni. Bir gün saýry biriniň bu ýerlere ýoly düşüpdir. «Maňa az-owlak pul berseňizläň» diýip, saýyl delmuryp dillenipdir. Ol adam saýyly we onuň oturan ýerini siňňitli synlapdyr. «Ýanymda berere-goýara artyk-süýşük zadym-a ýok, ýöne üstünde oturan bu zadyň näme, diňe şonuň bahasam-a ýyllyk garamatyňy ödejek ýaly?» diýipdir. «Bu bir içi boş köne sandyk, kim näme etsin muny» diýip, saýyl ýüzüni kese sowupdyr. «Her näme-de bolsa nirede we nämede oturýandygyňy bilseň gowy» diýip, ötegçi hem per bermändir. Ahyry talap edip duransoň, saýyl ýerinden turupdyr we iki bolup sandygy açypdyrlar. Görseler, sandygyň içi altyn-kümüş hazynadan doly ekeni. Saýyl bütin ömrüni dilegçilik edip, mätäçlikde ötüripdir, emma özi altyn humuň üstünde oturandygyny asla aňşyrmandyr, bilmändirem.

Biraz sägin-de, bu tymsaly seriňde aýla, oýlan. Käteler işiň şowlamazlygy zerarly lapykeçlige özümizi aldyrýan pursatlarymyz bolýar. Islendik bir kynçylyk bilen ýüzbe-ýüz bolan halatyňyz, näderiňi bilmän aljyran mahalyňyz, ýaňky saýyl ýaly şol duran ýeriňizde çöküp galman, daş-töweregiňize göz aýlaň, belki, elýeteriňizde altyn hum ýa-da altyn pursatlar üsti basyrylgy ýatandyr. Aýtmaklaryna görä, eger-de geljek biziň şu günki pikirlerimize, işlerimize görä ýüze çykýan bolsa, onda biziň şu günki ýagdaýymyz düýnki işlerimiziň, pikirdir niýetlerimiziň netijesi bolup durýar. Ykbal hiç wagt hiç kime gyýa bakmaýar, çünki ykbal beýle pes hereketleri ederden beýikdir. Isleglериň gowşakdygy, yhlaslaryň ýeterlik däldigi bizi maksada ýetmekden bökdeýän zatlaryň biri. Hemme şowsuzlygy ýazgydyň

üstüne atmaklyk bolsa öz ejizligiňi aklajak bolmakdan başga zat däldir. Durmuşyňy has gowulyga tarap özgert.

## ÖLI DEŇIZ

Çagalaryň biri geografiýa kartasyny gözden geçirip otyrka, «Öli deňiz» diýen bir deňziň üstünden barypdyr. Deňziň adyny geň gören çagajyk munuň sebäbini kakasyndan sorapdyr: «Oňa kim kast etdikä?» diýipdir. Kakasy ýylgyrypdyr: «Oglum, ol deňiz, ýagyn-ýagmyrlaryň we derýa-çaýlaryň guýýan pes ýerinde, pesliginde ýerleşýär. Onuň suwy hiç tarapa akanok, hiç ýana syzanok, topraga-da siňenok. Netijede, ol deňziň duzy-mineraly köpelipdir we içindäki ähli janly-jandarlar heläk bolupdyr. Hatda ol suwda balyklaram ýaşap bilenok, ynsanyň içmegi-hä beýlede dursun. Ine, diňe özüni bilmeklik ol deňzi heläk edipdir, sebäbi ol deňiz diňe alýar, deregine hiç zat berenok» diýip, kakasy bu ýagdaýy düşündiripdir.

Deregine hiç zat bermezden diňe alyp oturmagy hatda tebigatam oňlamaýan ekeni. Adamzat durmuşy babatda-ha bu has-da ýörgünli. Käbir ýürekler edil Öli deňiz ýaly beýlekilere mähir-muhabbetden, duýgudaşlykdan hiç zat eçilmeýär, paýlaşmaýar. Okalan zatlary, öwrenilen ylym-bilimleri, ýardam-enaýaty, haýyr-sahawaty, duýgy-täsirleri... paýlaşmak bu dirilikdir, ýaşaýyşdyr.

## ARALYK

Danalaryň biri şägirtlerini hem ýanyna alyp, Gang derýasynyň kenaryna gezelenje çykypdyr. Derýanyň iki kenarynda hem birnäçe adam bolup, olar birek-birege gaharlanyşyp, ala goh bolşup batly gygyryşýan ekenler. Dana bu adamlaryň bolşuna ýylgyrypdyr-da, şägirtlerinden: «Näme üçin adamlar gaharlanan wagty seslerine bat berýärler?» diýip sorapdyr. Şägirtleri biraz diňşirgenip oýlanypdyrlar-da: «Haçanda biz öz asudalygymyzy, rahatlygymyzy ýitirenimizde, seslerimiz batly çykýan bolmaly» diýşipdirler. Dana olara ýene bir sowal bilen ýüzlenipdir: «Ýöne ýüzlenýän adamyň hut ýanyňda

durka, batly ses bilen gygyrmagyň näme zerurlygy bar? Sözüňi arkaýyn, asuda aýtsaňam ol eşitjek ahyry» diýipdir. Şägirtleriniň her biri özüçe pikirlenip, dürlüçe netije çykarypdyr, ýöne jogaplaryň hiç biri hem danany kanagatlandyrmandyr. Ahyry dananyň özi bu ýagdaýy düşündiripdir: «Adamlar birek-birege gaharlanýan wagtlary olaryň ýürekleri bir-birinden örän uzaklaşýar. Sesiňi şol aralyga ýetirmek üçin, uzak aralykdan habarlaşmak üçin sesiňi batlandyrmaly bolýar. Olaryň ikisi hem seslerine bat berýär. Eger-de iki adam bir-birini halan wagty näme bolýar onda? Elbetde, olar bir-biriniň ýüzüne bakyp gygyryp duranoklar, asuda, arkaýyn gürleşýärler, sebäbi olaryň ýürekleri birek-birege juda ýakyn, olaryň ýürekleri şeýle bir ýakyn aralykda, belki, ol ýürekleriň arasynda aralyk hem ýokdur» diýipdir.

Soňra sözüni dowam edipdir: «Iki adam birek-biregi ýürekden halaýan bolsa, olar pyşyrdabrak gürleşseler hem düşünişerler, sebäbi olaryň ýürekleri has ýakyn. Ahyrynda, hatda olaryň özara gürleşmegine hem zerurlyk galmaz, olar birek-biregiň ýüzlerine serederler-de, aýtmak, ýaňzytmak isleýän zatlaryna magat düşünerler oturarlar. Ine, şu hem ynsanyň birek-birege iň ýakyn, iň golaý durýan aralygydyr, bular bir-birini söýýän adamlardyr» diýip düşündiripdir.

Dana adam şägirtlerine ýüzlenipdir: «Hut şonuň üçin hem, eger-de bir meseläniň üstünde pikirleriňiz çatak düşýän wagtlarynda, bir zat dogrusynda jedelleşýän, pikir alyşýan wagtyňyzda ýürekleriňiziň birek-birekden uzaklaşmagyna ýol bermäň. Ýürekleri bir-birekden uzaga zyňjak sözleri dile almajak boluň. Ýogsam, ýürekleriň arasyna şeýle bir üzňelik, uzaklyk düşer welin, hatda soňabaka gygyrybam birek-birege sesiňizi eşitdirip bilmersiňiz, ol aralygy yzyna dolamak hakda gürrüňem bolmaz…» diýipdir.

## ÜNS

Ýaş ýigitleriň biri bir akyldaryň huzuryna barypdyr. «Men bir ýaş-ýetginjek, arzuwlarym örän kän, ýöne nebsime basalyk berip bilemok,

özüne çekiji haý-höweslere nädip meýil edenimi duýman galýaryn. Maksadymy hasyl etmek üçin nämeler etsemkäm?» diýip, ýigit arzyny mälim edipdir.

Garry pir oňa erňegine çenli püre-pür bolan bir käse süýt berip-dir we şol käsäni dökmän-saçman pylan ýere eltmegini tabşyrypdyr. Ol ýere ýetjek bolsaňam, jemendesi hümer bazarlaryň, seýil baglaryň içinden hem geçip gitmeli ekeni. Soňra pir ýene bir şägirdini ýanyna çagyrypdyr we ýaňky ýigide göz-gulak bolup gitmegi, eger-de sähel ünsüni sowup, süýdi dökmekçi bolaýsa dagyn ähli adamlaryň öňünde ýagyrnysyna çybyk bilen çalmagy tabşyrypdyr. Ýigit süýtli käsäniň gaýmagyny bozman tabşyrylan ýere eltipdir. Pir ondan: «Ýeri, daş--töweregiňde ünsüňi özüne çekýän, haý-höwesleriňi odukdyrýan näçe adamy gördüň?» diýip sorapdyr. «Ussadym, men daş-töweregimde hiç bir adamy, hiç bir zady görmedim. Bar ünsümi elimdäki käsä jemledim, süýdi döküp, adamlaryň gözüniň öňünde urlup durmak islemedim» diýipdir. Pir oňa: «Hemişe-de şeýledir, ähli ünsüňi esasy maksadyňa jemleseň, gaýry ownuk-uşak zatlar seniň ünsüňi bölüp durmaz. Ünsüňi jemlemegi başar» diýipdir.

## SUWDAN ÖWRENIŇ!

Ýagynly günleriň birinde halypa ussat öz şägirtlerini açyk meý-dana çykaryp, daş-töwerekdäki tebigy hadysadan sapak almagy tabşyrypdyr. Soňra olary dagdan syrygyp gaýdýan çeşmäniň, soňra çasly akyp ýatan derýanyň, ondan soňra hem käteler möwjeýän, käte-ler bolsa endigan tolkun atýan deňziň kenaryna alyp gelipdir. «Öwüt alara, öwrenere zat kän, ýöne biziň bu günki sapagymyz suw bilen baglanyşykly. Mazaly synlaň-da, netije çykaryň, kimden nämeleri öwrenip bolýar?» diýipdir. Şägirtleriň hersi özboluşly pikir aýdyp-dyrlar. Käsi ussadyň göwnünden turupdyr, käbirini ýüzleý görüpdir. Soňra şägirtlerine ýüzlenip, şeýle diýipdir: «Suwdan köp zat öwrenip bolýar, öwrenen zatlarymyz bilen hem biz özümizi kämilleşdirip bilýäris.

Suw ýaly deň garaň! Asmandan inýän ýagmyrlara serediň, ol hemmeleriň üstünden deň ýagýandyr. «Pylany gowy, diňe şonuň üstüne ýagjak. Pylany ýaramaz, asla golaýyna barjak däl» diýýän däldirler. Sizem edil şol ýagyn-ýagmyrlar kibi adamlara deň garamalysyňyz.

Suw ýaly ýumşak boluň, ýumşak häsiýetli bolmagy suwdan öwreniň. Ol dürli görnüşli, al-elwan reňkli, agyr we ýumşak zatlaryň, daşlaryň üstüne düşende, şolara görä öz şekilini üýtgedýändir... ýöne öz durkuny, asyl düzümini üýtgedýän däldir. Adamlaryň her birine mylakatly gatnaşykda boluň, ýöne ähli ýagdaýlarda hem özüňiziň asylly häsiýetiňizi üýtgetmän saklaň.

Suw ýaly arassa boluň! Arassa bolmagy suwdan öwreniň. Eýsem-de deňizleriň suwunyň arassadygyny, päkdigini göreňzokmy? Oňa bir daş ýa-da kesek oklaýanyňda hem suwuň ýüzi bir pursat bulanar, ýöne dessine öňki katdyna – arassalygyna we päkligine dolanyp barar. Kimdir biri size ýürek gobsundyrjak hakly we nähak sözi aýdanynda hem birbada maňzyňyza batmasa-da, dessine tämiz niýetleriňizden ugur alyp, ol kişi barada ýaman pikir saklamaň. Kimdir biri bolmaýan ýeriňizi ýaňzytsa hem dogry düşüniň we dessine bu ýaramaz häsiýetden tämizleniň.

Suw ýaly ýuwup duruň! Diňe özüňizi däl, özgeleriň hem endik-häsiýetlerini, aýybyny, nogsanlyklaryny ýaýyp ýörmän, ýuwup geziň. Ýagşy häsiýetleriňiz bilen nusga bolup, olaryň hem has gözel häsiýetlere eýe bolmagyny gazanyň.

Suw ýaly paýhasly boluň! Görmeýärmiň, howa gyzyp ugrasa, ol buga öwrülip, asman sary beýige galar. Howa sowap ýa-da salkynlap ugradygy, gatbar-gatbar bulutlara garylyp, asman ýagmyryna öwrülip, bereket bolup, ýere iner. Hemişe ýagşy gylyk-häsiýetlere bürenip, il derdine ýaramaga çalşyň.

Suw ýaly çydamly, tutanýerli boluň! Çydamly, tutanýerli bolmagy suwdan öwreniň. Suw tolkunlarynyň dag gaýalaryna üznüksiz urulýandygyna nazar aýla! Her günde, her hepdede, her ýylda urlup durandygyna üns ber! Şeýde-şeýde ol sessiz-üýnsüz, dymma daglaryň

döşünde hem öz yzyny goýýandyr. Öňüňizde bir maksat goýsaňyz, suw ýaly tutanýerli boluň, maksatlaryňyzy hasyl ediň we üstünligiň üstünde öz yzyňyzy goýuň.

Suw ýaly ugurtapyjy boluň! Ugurtapyjylygy suwdan öwreniň. Öňünden böwet çyksa, maý tapsa, suwlaryň sowlup geçýändigini, akjak ýerini özi tapýandygyny we şundan mysal alyp, her bir ýagdaýda çykalga tapyp boljakdygyny pugta belläň!

Suw ýaly pespäl boluň! Görmeýärmiň, ol al-asmana galkan bulutlardan seçelenip gelşine zeminiň çuňluklaryna siňip gidýär, ýöne özlügini welin ýitirmeýär. Beýige galanda hem, zemine inende hem suw bolup, ýagşylyk bolup, merhemet bolup inýär. Beýige galsaňyzam, pese düşseňizem, hemişe ýagşy niýetden ugur alyň.

Suw ýaly söýgüli, näzik boluň! Her gün säher ýaşyl maýsalaryň, ýapraklaryň we daragtlaryň ýüzüni öpüp, säheriň sergin şemalyna syrygyp gaýdan çyglary ýadyňyza salyň! Olar tebigata hem ajaýyplyk, hem terlik, hem peýda berip dur. Şolar ýaly kalby näziklik, göwni ýumşaklyk bilen adamlaryň ýüreginden özüňe orun gözle we olaryň derdine ýarajak boluň! Suwuň bar ýerinde ýaşaýyş bardyr. Her baran ýeriňizde, gabat gelen adamlaryňyza ýaşaýyş nuruny paýlap, olary durmuşa höweslendiriň» diýipdir. Bu mysallar şägirtler üçin uly sapak bolupdyr.

## TIKEN WE MÄHIR

Kirpileriň durmuşyny göz öňüne getirip görüň – endam-jany tiken bilen örtülen. Bir-birlerine golaýlaşdyklary ýitije uçlaryň sanjysy böwrüni awudýar. Bu tikenler diňe duşmanlaryny däl, eýsem, öz ýakynlaryny hem yzyna iterýär. Ýöne gyşyň aňzakly günlerinde sowuk howadan goranmak, ýylanmak üçin olar tikenleriň ynjysyna sabyr edip, bir-birine gysmyljyraşýarlar. Süňňi ýylandan soňra, uzaklaşýarlar we ýene-de tenlerini sowuk dalap başlanda, ýyly gujaklara mätäç bolup, öňki ýerlerine gelýärler. Olar tutuş gijäni şeýdip geçirýärler. Eger hemişe ýakyn boljak bolsalar, köpsanly ýara-

-agyrylara çydamaly bolýar. Hemişelik üzňelik bolsa, durmuşyňy sowadýar.

Adamzat durmuşynda hem edil şunuň ýaly, käteler birek-biregiň gylyk-häsiýetini çekip-çydamzok, edil endam-janymyz tiken bilen örtülen ýaly, kimiň ýanyna barsak, ýa awunyp, hem awundyryp gaýdýarys. Ýöne ýüregi ýakynlyk, ruhy ýylylyk hemmämize zerur. Bir aýyby ýok hiç kim ýok. Köneler aýdypdyr ahyry «Aýypsyz dost gözleýän adam dostsuz galar. Birkemsiz ýanýoldaş gözleýän adam, müjerret öter, bagtsyz galar». Aýyby-nogsany bolmadyk ýoldaş isleýärmiň... haýsy bir adamyň iň bolmanda bir aýyby ýok? Eger-de sen ýalňyşlyklara, sähel säwliklere çydamaýan bolsaň, ownuk büdremeleri uly sesiň bilen ýazgarýan bolsaň, ýekeje ýalňyşlygy hem gözden sypdyrman belläp alýan we tagnaly sözler bilen ýüzüne basýan bolsaň, onda sen köpçülik içinde ýeke-ýalňyz galarsyň. Öýüňde özüňi keseki ýaly duýarsyň. Onsoň, ýola çyksaňam, ýoldaş tapylmaz. Ýylylykdyr mähir isleýän bolsak, biz beýlekileriň wawwaly tikenlerine döz gelmäge endik etmelidiris. Mahal-mahal däl-de, hemişe özgeleriň sanjyly häsiýetlerine hem döz gelmegi başarsak, durmuşyň zowkuny, mazasyny, bagtyň mährini we tagamyny aýdyň duýup bileris.

## AKYLLY ÝANÝOLDAŞ

Aýaly bilen ertirlik edinen adamsy, işe gitmäge taýýarlanyp başlady. Açaryny almak üçin içerki otagdaky iş stolunyň ýanyna bardy. Birdenkä stoluň üstüni we telewizoryň ýüzüni çala örten çaň-tozana gözi düşdi. Ol açaryny öňki ýerinde goýdy-da, usullyk bilen otagdan çykdy we parahat äheňde aýalyna ýüzlendi: «Keýwany, iş stolumyň üstündäki açarlarymy alyp goýber» diýdi.

Aýaly otaga girip, stoluň üstündäki açarlary almakçy bolanda, çaňlaryň ortasynda barmak bilen ýazylan: «Meniň ezizim» diýen ýazga gözi düşdi. Aýaly bu ýazgyny okady we açary alyp, otagdan çykmakçy bolanda, telewizoryň ýüzündäki «Ömrümiň hemrasyna söýgi bilen!» diýen ýazgyny hem gördi. Aýaly adamsyna açary gowşurdy

we müýn gatyşykly ýylgyryş bilen ýoldaşynyň ýüzüne garady. Bu ýylgyryşda: «Öýüň arassaçylygy üçin mundan beýläk has çynlakaý alada ederin» diýen manyny okamak müşgil däldi. Adamsy ýazgysyna magat düşünendigine göz ýetirdi we ýylgyryşa ýylgyryş bilen jogap berdi.

Ol ýanýoldaşynyň bärden gaýdýan käbir hereketlerine azgyryljak, gygyrjak, haýbat atjak ýa-da ýazgaryp, köteklejek bolmady. Her bir zada mylakatly we göwne degmezlik bilen çemeleşdi, garaşylýan netijäni hem aldy. Ähli ýagdaýda hem mylakatly, hoşgylaw bolmagy unutmaly däldir.

## ARZUWLARYŇYZY AÝAP SAKLAŇ!

Mugallym okuwçylaryndan geljekki etsem-goýsamlary, arzuw-maksatlary dogrusynda düzme ýazmaklygy talap etdi. Okuwçylaryň birinden öňňesi düzmelerini dessine tamamlap, mugallyma tabşyrdy. Emma bir okuwçy şol ýazyp gidip otyrdy. Ol kagyzyň bir ýüzüni dolduryp, beýleki ýüzüni hem süýji we beýik arzuwlary bilen bezemäge başlady. Onuň arzuwlarynyň arasynda kaşaň köşk, naýbaşy ulag, iň owadan we işeňňir ýanýoldaş we beýleki has gowy zatlar bardy. Mugallym düzmeleri gözden geçirip, olara baha goýdy-da, kagyzlary yzyna berdi. Ýöne arzuwçyl oglana pes baha goýdy. «Sen öz ýagdaýyňa seret, günemaňy zordan aýlaýaň. Beýle zatlara ýetmek saňa miýesser etmez. Ýetip biljek zatlaryňy arzuw et. Asmany arzuwlanyňda hem aýagyňy ýerden üzmeli däl. Bolmajak zatlary arzuw etme. Gowy baha alasyň gelýän bolsa, arzuwlaryňy täzeden ýaz, uly baha goýaýyn» diýip, mugallym netijesini delillendirdi. Okuwçy uly ynam we gaýratlylyk bilen: «Minnetdar, ýoldaş mugallym, berjek bahaňyz özüňizde galsyn, men öz arzuwlarym bilen galaýyn» diýdi. Durmuş uzak garaşdyrmady. Ýaňky arzuwly oglan göz öňüne getirýän we çyndan isleýän zatlarynyň hemmesini gazandy, maksatlaryny hasyl etdi. Hatda arzuwyndan hem has artyk gazandy we has ajaýyp günlere ýetdi.

Özleri bilmezden, asylly maksatlaryňyza aýak direýän ýa-da ýagşy arzuwlaryň ganatyny gyrýan adamlar durmuşda käte gabat gelýär. Olaryň käbiri raýymyzdan gaýtarmak üçin şeýle bir yhlas edýärler, ýüz dürli oý-pikir suňşuryp, badyňyzy alýarlar, ünsüňizi başga tarapa sowýarlar. Şeýle adamlara her ýerde, hatda öz golaýyňda hem gabat gelip bolýar. Mahlasy, seni arzuwlaryňdan dändirmek isleýän, ep-esli hokga ýa hekaýat toslap, asylly işiňden alyp galýan, beýik arzuwlary «bolmajaklygy» bilen dowula salmak isleýän adamlardan eserdeň bol – arzuwlaryňy hiç kime ogurlatma!

## PYŞDYL

Bir çagajygyň kiçijik pyşdyly bar eken. Onuň bilen oýnapdyr, otjagaz beripdir, iýmläpdir. Dostuna şeýle bir öwrenişipdir. Gyş günleriniň birinde oglanjyk pyşdyl dosty bilen oýnasy gelipdir, ýöne pyşdyl çanagyna gysmyljyrap, asla oýun bilen höwesi bolmandyr. Oglanjyk eli bilen pyşdylyň çanagyna kakyp görüpdir, netije bolmandyr. Soňra çöpjagaz alyp, gorjalap görüpdir, haýry degmändir. Ahyry taýak alyp, çanagyna urupdyr, gygyrypdyr, haýbat atypdyr, emma pyşdylyň şol bir durşy ekeni. Gaýta pyşdylyň kejirligi artýan ýaly, barha çanagynyň içine ýygrylypdyr. Olaryň üstüne oglanjygyň kakasy gelipdir. Gahar-gazaba münen oglunyň başyny sypalap, ondan nämä gaharlanýandygyny sorapdyr. Oglanjyk ähli zady bolşy ýaly gürrüň beripdir. Kakasy ýylgyrypdyr we pyşdyly öz gününe goýmagy ündäp: «Gel, gowusy, ikimiz söhbet edeli» diýipdir. Olar peji ýakypdyrlar we ýyly howra çoýunyp, özara gürrüň edişip başlapdyrlar. Pyşdyl hem ýylynmak üçin ýuwaş-ýuwaşdan bularyň golaýyna gelipdir. Kakasy ogluna ýylgyryp bakyp: «Oglum, hemmelerem edil şu pyşdyl ýalydyr, öz meýliňe laýyk gopmaklaryny isleseň, olara mylakatly bol, mähirli bol, ýyly gara, gepiňi gögertjek bolup, taýak bilen depelerine kakyp durma» diýip, maslahat beripdir.

Işbaşarjaň adamlaryň üstünliginiň esasy syry şundan ybarat. Olar ilki adamlary özleriniň ýyly sözi, ýumşak häsiýeti bilen özle-

rine çekýärler we soňra özara bähbitli ugurlarda bile işleşip, has uly maksatlaryna ýetýärler.

Kim bilen iş salyşýan bolsaň, işleşýän bolsaň, olaryň hem pikirlerine düşünmäge çalyş, mähir bilen gara, ýumşak häsiýetli bol. Iňlislerde şeýle bir nakyl bar: «Aty zor bilen arygyň ýakasyna eltip bilersiň, ýöne oňa zor bilen suw içirip bilmersiň». Adamlaram hut şeýle, haýbat-hemle bilen bakanyňdan, göwnedip, ruhlandyryp işletseň, netijesi hem, girdejisi hem has tapawutly bolar. Çünki her bir zat we hemme zat ýyly mähre maýyldyr.

## ARASYNDA DEMIŇI DÜRSE!

Günleriň birinde uzak ýaşan danalaryň birinden sagdynlygyň we uzak ýaşamagyň syryny sorapdyrlar. «Ne ýaşyňyzda, ne huşuňyzda ýaşuzaklygyň täsiri bildirýär. Munuň syry näme?» diýipdirler. Ol: «Size aýtsamam, ynanmazlygyňyz mümkin. Aslynda bu kitap dörüp öwrenilmeli pynhan pikirlerden däl. Adaty durmuş ýörelgesi. Men her bir zady islän wagtymda ýerine ýetirmäge çalyşýaryn. Islän wagtym iýýärin, islän wagtym içýärin. Islän wagtym ýatyp ukymy alýaryn. Islän wagtymam işleýärin» diýipdir. Bu jogap adamlary doly kanagatlandyrmandyr. «Bizem islän wagtymyz iýip-içýäris, islän wagtymyzam dynç alýarys. Ýöne bizde beýle arkaýyn-asudalyk ýok, süňňi sagdynlyk ýok. Gaýta ýaş geçdigisaýy süňňümize argynlyk ymykly ornaşyp barýar» diýşipdirler. Dana adam olara bakyp: «Ýok, beýle däl, siz özüňiz barada galat aýdýarsyňyz. Siz islän wagtyňyz iýip-içeňizok-da, pursat tapan wagtyňyz garbanýarsyňyz. Bir işe başlaýansyňyz, ajygarsyňyz, emma «şujagaz işimi dynyp, soňra naharlanaryn» diýersiňiz. Bir zada güýmenersiňiz, kelläňiz gyzar gider, ajygandygyňyzy unudarsyňyz, wagtynda gelen ukyny mejbury basjak bolarsyňyz. Dürli dermanlar ýa-da içgiler bilen uklamajak bolup yhlas edersiňiz. Ýeterlik uky alynmasa-da, kelläňiz agyrar durar. Tebigat öz ýaradan zadynyň ýagdaýyny anyk bilýär. Şonuň üçin işdäňiz alan ýa-da pursat tapan wagtyňyz däl-de, hakyky ajygan wagtyňyz

iýip-içiň. Hakyky ukyňyz tutan wagty, ýatyp-turuň. Işläň, oýnaň, ýöne wagtynda dynç almagy hem, beýniňize rahatlyk bermegi hem unutmaň» diýipdir. Biz käteler durkumyz-düýrmegimiz bilen özümizi haýsydyr bir işe bagyş edýäris. Yhlasly zähmet örän gowy zat, emma arasynda özümize dem-dynç berip, duýgulary seýisläp durmasak, süňňümize gujur-kuwwat toplamagyna maý bermesek, işleriň ahyrky netijesi göwün edenimizden gowşak çykmagy mümkin. Ata-babalarymyzda şeýle bir sözler bar: «Arasynda demini dürsemeýän adamyň ädimleriniň arasy barha gysgalar we barmaly menzili-de uzaklaşar».

## TAPYLGYSYZ MELHEM

Kerwen bilen uzak ýola çykan adamlaryň biri ýolda agyr kesele ýolugypdyr. Ýoldaşlary birbada bu keseliň sebäbini, alajyny tapardan ejiz gelipdir. Külterlenen uzak ýol oňa mazaly täsirini ýetiren eken. Şonuň üçin ony ýola ýakyn obalaryň birinde goýup gitmegi makul bilipdirler. Bu näsaga seretmekleri we soňky harajatlary üçin kerwendäki düýeleriň birini bermäge ylalaşypdyrlar.

Kerwen söwda-satyk işlerini bitirip, yzyna dolanypdyr. Öýlerine gelenlerinde ýaňky hassanyň öz öňlerinde sag-aman gezip ýörendigine geň galypdyrlar. Bu sagdynlygyň sebäbini sorapdyrlar. Ol adam: «Men şol obada bir goja tebibe gabat geldim. Ol birlaý ýagdaýymy barlaşdyryp, ýanyndaky ogul-çowlugyna çöl-beýewandan bir ýylan tutup getirmeklerini tabşyrdy. Ýagdaýym has egbarlap barýardy. Gözümiň öňi garaňkyrap, daş-töweregi hem doly saýgarmaýardym. Olar iň zäherli ýylanlaryň biri bolan apyny tutup getiripdirler. Goja lukman bu ýylanyň guýrugyny, kellesini aýryp, göwresini kesip aldy we maňa gowrup berdi. Şony iýip, uklap galanymy hem duýmandyryn. Oýananymda, üst-başym derlemeden ýaňa öl-myžžyk bolupdyr. Süňňüm welin sagatdy. Özümi juda ýeňil duýýardym. Sagalandygyma anyk göz ýetýänçä, goja lukman maňa dürli däri-dermanlary berdi, em etdi. Asyl, apy ýylanyň eti şol keseliň bire-bir emi eken» diýipdir. Soňra ýoldaşlaryna garap: «Men şol gezekki wakalar-

dan soň başga bir zada göz ýetirdim. Aglaba halatda biziň gorkýan, dowla düşýän we gaçýan zadymyz derdimize bire-bir derman bolup çykýar. Her bir zadyň bir haýyrly tarapy, her bir adamyň, hatda ol käteler bize ýaramaýan hem bolsa, birnäçe gowy häsiýeti bardyr» diýipdir.

## DURMUŞYŇ TAGAMY

Ýaşlaryň biri ylym-bilimde ady-çawy uzaklara ýaýran bir ussadyň habaryny eşidip, onuň ýanyna ýola düşüpdir. Aýtmaklaryna görä, bu ussat ähli zatdan diýen ýaly baş alyp çykýan ekeni. Ýaş ýigidiň esasy arzuwlarynyň biri hem jadygöý bolmak ekeni. Ol ussadyň huzuryna barypdyr. Özüne ähli ylymlary, ilki bilenem jadygöýlügi öwretmegi haýyş edipdir. Ussat ýigidi boýdan-başa synlapdyr-da: «Ylmyň ähli ýüküni götermek saňa agyr düşer. Haýsy hem bolsa bir ugry saýlap alsaň, özüňi şoňa bagyş etseň gowy bolar» diýipdir. Ýigit jadygöýlügi saýlap alypdyr. Ussat hem ýigidiň raýyny ýykmandyr we oňa bu ugruň inçe tilsimlerini, syrlaryny özüne ýeterlik derejede öwredipdir. «Ogul, ylym isläp geldiň, bizden eden tamaň köýmesin diýip, saňa bu ugruň esasy taraplaryny öwretdim. Men seni diňe ýola saldym, galanyny görmek, öwrenmek, kämilleşmek özüňe bagly. Ylmyňy ulan, ýöne bir şerti bar, gazanan ukybyňy hemişe ýagşy niýetlere sarp etgin. Ýogsam, ýaman päliň özi seni agsadar durar» diýipdir. Ýigit ussady bilen hoşlaşyp, obasyna dolanypdyr. Ol juda köp zady başarýan bir jadygöý bolup ýetişen ekeni. Iýesi gelen, alasy-goýasy gelen zady, bitiresi gelen işi göz ýumup-açasy salymda hasyl bolupdyr. Ol alada-ünji, pikir-endişe diýen zady unudypdyr. Tä obasyna ýetýänçä, öwrenenje zatlaryny dürli hili ulanyp görüpdir. Obasyna gelende hem dowam edipdir. Her kim bu ýigidiň başarnygyna haýran galyp, aperin diýýän ekeni. Ýaş-ýeleňleriň köpüsi hem şonuň gününi, derejesini arzuwlapdyr. Ýogsam näme, hemme zat «häh» diýeňde, hasyl bolup dursa..., emgeneňok, egleneňok... Ýöne welin, bir pikir ýigidiň serinden hiç aýrylmandyr. Gün geçdigiçe hem has berkäp-

dir. Sebäbi ol hemme zady bir demde hasyl edip ýörşüne, durmuşyň tagamyny duýup bilmändir. Ne şirin halwa, ne bagu-bakja ýaşaýyş lezzetiniň öwezini ödäpdir. Ahyry ýüregi karar tapmansoň, gaýtadan hälki ussadynyň ýanyna barypdyr. Durmuşy manyly we gyzykly ýaşamagyň syryny öwretmegini haýyş edipdir. Ussat ýylgyrypdyr-da: «Sen eýýäm durmuş babatda bir zada akyl ýetirdiň, köp zat öwrendiň. Durmuşyň gyzygy halal zähmet bilen utgaşanda aýdyň ýüze çykýar. Eklenç aladalary, ile-güne ýagşylyk etmek hakdaky pikirler, endişeler biziň durmuşymyzyň duzudyr. Duzy şeýle datsaň, diliňi zowzuldadar. Eger duz atmasaň, aş tagamsyz bolup galar. Şonuň üçin turşumtyk duýulýan duýgular, ajymtyk kakýan aladalar durmuşymyza süýjülik berýän zatlar bolup durýar. Sen öň jadygöýlik arkaly, ýeňillik bilen ýeten zatlaryňy, halal zähmet çekip gazan, şonda sen durmuşyň datlylygyny duýup ýaşarsyň» diýipdir.

## AKYL ÝETIRMEK

Ýaşlaryň biri akyldaryň bosagasyndan ätläpdir. «Dana baba, maňa bir öwüt-nesihat beriň, ýöne ol menden öň hiç kime aýdylmadyk bolsun we menden soňam hiç kime aýdylmasyn. Goý, adamlar ol sözi diňe menden öwrensinler» diýipdir. Ömürboýy beýle täsin talaba ilkinji gezek gabat geleni üçin akyldaryň özi hem birbada aljyrapdyr. Oňa näme aýtjagyny, goýjagyny serinde saldarlap başlapdyr. Ilki oglanyň özünden sorapdyr: «Beýle zady öwrenmegiň syry näme? Näme üçin beýlekileriň bilmezligini isleýärsiň?» diýipdir. «Men olardan bir ädim öňde, bir mertebe ýokarda bolasym gelýär. Men şöhratyň muşdagy we aşygy. Goý, olar meni has akylly saýsynlar» diýipdir. Dana baba myssa ýylgyrypdyr: «Ogul, diňle, aýdylmadyk söz ýadyma düşenok, ýöne öňden bäri aýdylyp gelinýän bir sözi ýatlaýyn. Belki, bu-da seniň üçin bir täzelikdir. Iň ýakymly zat, abraý bilen şöhrat, ýöne ikisinden birini saýlamaly bolsa, sen abraýy saýla, çünki abraý uzak dowam edýär, şöhrat – wagtlaýyn. Iň gerekli zat sabyr bilen şükür, ýöne ikisinden birini saýlamaly bolsa, sen şüküri

saýla. Sebäbi şükür ruhy hoşnutlygyň nyşany, sabyr bolsa mejbury çydamlylygyň. Iň gowusy baýlyk bilen saglyk, ýöne ikisinden birini saýlamaly bolsa, sen saglygy saýla. Sebäbi saglyk ýok ýerinde hiç zat ýok» diýipdir. «Ýene bir zat, hiç wagt ýeke özüň akylly boljak bolma, bilýän zadyňy hemmelere öwret. Çünki seniň akyllydygyňy bilmekleri üçin olaryň hem akylly bolmagy gerek. Kemakyl adam seniň akyllydygyňa nädip akyl ýetirsin?» diýipdir.

## GÖRÜLMEDIK HOKGA WE ONUŇ HAKY

Adamlaryň biri hanyň huzuryna baryp, öz başarjaňlygyny, oýna ezberligini, ussatlygyny görkezmek isläpdir. Ol birnäçe kagyz sahypalaryny alypdyr. Ählisini ýyrtym-ýyrtym edip, ýokaryk seçeläpdir. Ol gaýmalaşyp gelýän ownuk kagyz bölejikleriniň birini hem ýere gaçyrman gapyp almagyň hötdesinden gelipdir. Soňra bir iňňe çykarypdyr. Ikinji iňňäni onuň gözüginden geçiripdir. Şeýdip ýüz iňňäni biri-birine sapyp çykypdyr. Adamlar munuň ussatlygyna haýran galyp duran ekenler. Hokgabaz oýnuny tamamlanda, han hyzmatkärlerine buýrupdyr: onuň bu ussatlygy üçin müň dirhem bermekligi we hiç hili ähmiýeti ýok zat bilen adamlaryň wagtyny yrýa edendigi üçin hem müň dürre gamçy bilen urmagy buýrupdyr. Adamyň başarýan her bir zady, hatda ol görülmedik hokga ýa-da oýun hem bolaýsyn, ýerliksiz wagt ýitirmek däl-de, haýyrly bir iş bolmalydyr.

## GÖWHER PURSATLAR

Günleriň birinde heniz jahan ýagtylmanka balykçylaryň biri deňziň ýakasyna gezim etmäge çykypdyr. Suw tolkunlarynyň kenary ýuwýan ýerinde ýöräp barýarka, birdenkä bir zada büdräp gidipdir. Aýagynyň astyna seretse, ownuk-uşak daşlardan doldurylan bir haltajyk ekeni. Balykçy aw toruny bir gyra goýupdyr-da, Günüň dogaryna garaşyp başlapdyr. Daň atdygy ol deňze tor taşlamakçy ekeni. Ol ýaňky haltany ýaltalyk bilen ýerden göterip, eline alypdyr. Içindä-

ki daşlary bir-birden suwa zyňmaga başlapdyr. Daşjagazlar suwuň ýüzüne galtaşanda birenaýy ses edýän ekenler. Balykçy şol sesiň hatyrasyna bir, iki, üç daş.. hemme daşlary diýen ýaly suwa zyňypdyr. Elinde ýekeje daş galypdyr.

Şol wagt Gün hem dogupdyr we töwerek aýdyňlanyp başlapdyr. Balykçynyň aýasynda bolsa deňze oklanmaly iň soňky daşjagaz bardy. Ol daşjagazy zyňmak üçin häzirlenende görýän zadyna hiç ynanyp bilmändir. Onuň elindäki daş göwher bölejigi ekeni. Bu hut şeýle bolupdyr – balykçy bir halta göwheri suwa zyňyp oturan ekeni. Balykçy bu täleýine, şowsuzlygyna, özüne gerekli zatlary tanap bilmeýänligine ökünipdir. Aýaklaryna çolaşyp, balykçyny büdreden bir çuwal baýlyk onuň durmuşyny göz-görtele üýtgedip biljekdi. Ýöne garaňkylygyň içindekä hiç zady saýgarman, olary birme-bir deňze oklan balykçynyň hut özüdi.

Her näme bolsa-da bu balykçy bagtly ekeni. Onuň elinde bir däne göwher bar. Deňze oklamazyndan ozal ýagtylyk bu göwheri ýalpyldatdy we bu pursada düşünmäge mümkinçilik döretdi. Şunuň özi hem uly nesibe ahyry. Bagtly adamlaryň ykbalynda Güneş ahyry dogýandyr, olaryň elindäki göwherleri ýylpyldatmak üçin... hatda munuň üçin ep-esli wagt garaşmaly bolsa-da… Ýöne durmuşyň ähli pursatlarynda hem özüňe oklanan göwher nesibeleriňi adaty daş saýyp, deňze oklap otursaň ýa-da durmuş gymmatlyklaryna biperwaý baksaň, onda ömrüň manysyna we mümkinçiliklerine düşünmezligiň mümkin.

Ýitirilen pursatlara däl-de, eliňdäki mümkinçiliklere seret. Belki, ýene biraz wagtdan soň jahan ýagtylar we sen özüňde uly mümkinçilikleriň, pursatlaryň bardygyna, bagtlydygyňa, ýalkanandygyňa aýdyň göz ýetirersiň. Onsoňam, durmuş diňe küpürsäp duran toprakdan ýa-da daşlardan ybarat däl. Olaryň astynda basyrylgy ýatan hikmetlerine gara. Eger-de sen özüňi mazaly synlap, seljerip, özüňe nazar salyp bilseň, hut şu wagt hem tutuş ömrüňi nurlandyrjak göwher pursatlara eýedigiňi bilersiň.

## OL MENI TANAR…

Kömür magdanlarynyň birinde bir oglanjyk irikgä bolup, liftiň ýokary çykaryna garaşyp oturan ekeni. Bu oglanjygyň tiňkesini bir nokada dikip oturmasy magdan gözegçisiniň ünsüni çekipdir. «Sen bu ýerde näme işleýärsiň?» diýip, gözegçi oglanjykdan soranda, ol: «Kakama garaşýaryn» diýip jogap beripdir. «Sen munça adamyň içinden kakaňy tanap bilmersiň. Häzir olaryň ählisi birmeňzeş eşikde, birmeňzeş başgapda, ýüzleri kömür tozlaryndan ýaňa garagäz bolup çykarlar. Gowusy, öýňüze gaýt, kakaň özi barar» diýip, gözegçi oňa maslahat beripdir. «Ýöne, kakam meni tanar-a» diýip, oglanjygam raýyndan gaýtmandyr. Bu jogap gözegçini haýran galdyrypdyr. Birmeňzeş lybasly ýüzlerçe adamyň içinden birbada saýgaryp bilmese-de, kakasynyň özüni tanajakdygyna we ýanyna geljekdigine bolan ynamynyň güýçlüdigine göz ýetiripdir.

Eýsem, şeýle pugta ynam biziň her birimize mahsusmy? Durmuşyň ähli pursatlarynda özümiziň tenha däldigimize, biz görüp bilmeýän bolsagam, bagtly nesibäniň bizi görýändigine, onuň hut häzir ýanymyzda peýda boljakdygyna ynanyp bilýärismi? Durmuşda hemişe şol jogaby özüňe hemra edin: «Sen ony birbada saýgarmasaň hem, saňa ýazylan bagt, üstünlik we şowlulyk seni hökman tanar, seni hökman tapar. Esasy zat – ynan we umyt bilen garaş!».

## GUDRATYŇ GYMMATY

Oglanjyklaryň biri eline düşen az-owlak teňňesini, kitaplarynyň astynda ýygşyryp goýýan gapjygynyň içine salypdyr. «Ýene biraz toplasam, belki, gudraty satyn almaga ýeter» diýip, uludan dem alypdyr. Aradan birnäçe gün geçipdir we oglanjygyň gapjygy ýene bäş-on teňňelik galňapdyr. «Her näme-de bolsa bagtymy synap göreýin ýa-da şuňa düşenje gudraty satyn alaryn» diýipdir. Ol golaýdaky dermanhanalaryň birine barypdyr. Boýy zordan ýetýändigi üçin ökjesini galdyryp, ýanyndaky ähli puluny uzadypdyr. «Maňa şuňa düşýän gudraty beräýiň» diýipdir. Dermanhanaçy bu kiçijik

oglanyň näme soraýandygyny birbada aňşyrmandyr. «Näme gerek diýdiňiz? Men düşünmedim» diýipdir. «Maňa gudrat gerekdi» diýip, oglanjyk soragly gözlerini dermanhanaça dikipdir. «Gudrat?! Ýöne bu ýerde diňe derman satylýar ahyry, gudraty başga ýerden gözlemeli bolaýmasyn» diýip, dermanhanaçy bu oglanjyk bilen has içgin gyzyklanyp başlapdyr. «Ýogsa-da, gudrat saňa näme üçin gerekdi?» diýip sorapdyr. «Meniň bir ýarawsyz jigim bar. Kakam-ejem özara gürrüň edenlerinde, «Indi muny diňe gudrat halas edäýmese» diýişdiler. Men şol günden başlap olara kömek edeýin diýip, süýji satyn almagym üçin özüme berlen pullary toplap başladym. Şuňa näme gudrat düşse, satyn alyp, kakam-ejemi begendiresim gelýär» diýipdir. Bu sözler dermanhanaça ýiti täsir edipdir. Ol oglanjygyň elinden tutup, «Ýör, gowusy, meni öýňüze alyp bar. Belki-de, men size elimden gelen kömegi ederin» diýip, dermanhanaçy oglanjyga teklip edipdir. Soň olar bile tirkeşip, oglanjygyň öýlerine gidipdirler. Dermanhanaçy öýüň ýagdaýy bilen tanşypdyr hem-de olaryň körpelerine kömek etmegi öz üstüne alypdyr. Asyl, şol dermanhanaçy bu ýerlere lukman dostuny görmäge zyýarata gelen, ýurduň şol ugurdan ýöriteleşen iň tanymal lukmanlarynyň biri ekeni. Hut şol gün dostunyň bir zerur işi çykandygy üçin onuň ýerine dermanhanada özi oturmagyny towakga edipdir. Birnäçe lukmançylyk çärelerinden we emlerinden soň, oglanjygyň jigisi mese-mälim gowulaşyp, derdinden gutulypdyr.

Bu kyssadan nämeleri öwrenip bolýar? Durmuşda tötänlik ýok, her bir zadyň özüne ýetik sebäbi, hikmeti bar. Niýet bilen ynamyň magnitiňki ýaly ukyby we güýji bardyr. Gudrata bolan ynam, edil magnit ýaly bolup, ony özüne çekýär. Ony garşylamaga bolan niýet bolsa alnyňa getirýär. Hemme zat özümiz bilmezden taýýarlanyp, taýynlanyp, hasyl bolup başlaýar. Iň esasy zatlaryň biri hem ene-atalaryňyzy we özüňizden uly-kiçileri begendirmegi, olara ýagşylyk etmegi ömrüňiziň baş maksadyna öwrüň, şonda gudratyň özi ýanyňyzda häzir bolar.

## MATEMATIKA DERSI

Ýokary okuw mekdepleriniň birinde talyplar matematika sapagyna girip, giňiş auditoriýanyň içinde ýerli-ýerinde oturypdyrlar. Yzky partada oturan we uzak gijeläp sapaklaryna taýýarlanan talyplaryň biri özüni uka basmarladyp, irkilenini duýman galypdyr. Sapagyň ahyrynda beýleki talyplaryň gowurdysyna oýananda, mugallymyň tagtanyň ýüzüne ýazan iki sany meselesini howul-hara göçürip, dessine sapakdan çykypdyr.

Öýüne dolanyp geleninden soň, hälki iki meseläniň çözgüdi dogrusynda pikirlenipdir. Olar şeýle bir çylşyrymly ekeni, ähli güýç-gaýratyňy sarp edeniňde hem goşmaça maglumatlar, bilimler bilen üstüni ýetirmeseň, hiç çözdürjek dälmişin. Ol gerek esbaplaryny alypdyr-da, kitaphana tarap ýola düşüpdir. Dört günden soňra zordan birinji meseläni çözmegi başarypdyr. Mugallymyň şeýle agyr öý işini tabşyrmasyna hem hiç düşünip bilmändir.

Indiki matematika sapagynda hemme talyplar ýerli-ýerine geçip oturypdyrlar. Ýaňky talyp mugallymyň ýanyna baryp, diňe birinji meseläni çözendigini, ikinji meseläni çözmäge wagt tapmandygyny, çünki bir meseläniň özi üçin dört gününi sarp edendigini aýdyp, ötünç sorapdyr. Ýene az-owlak puryja berse, ikinji meseläni hem çözmäge synanyşjakdygyny ýaňzydypdyr.

Mugallym bu sözlere geň galypdyr. Ol talyplara hiç hili öý ýumşuny tabşyrmandygyny aýdypdyr. Tagtanyň ýüzüne ýazan iki sany meselesi bolsa häzirki güne çenli ylmy çözgüdi tapylmadyk meseledigini, alymlaryň başarmadyk zadydygyny aýdypdyr. Alymlaryň aglabasy bu meseläniň kyndygyny bilenlerinden soňra, az-owlak dümtünme bilen kanagat edip, şondan aňry ätlemäge synanyşyp hem görmän ekenler. Sebäbi olaryň aňynda onuň kyndygy hakyndaky ynam mazaly berkän ekeni. Eger-de bu talyp hem şol gürrüňleri öňünden eşiden bolsa, köpleriň aňyny eýelän düşünje bilen kanagat ederdi we çözmäge-de synanyşmazdy. Ynsanda çäksiz başarnyk bar, ýöne köplenç halatda dürli düşünjeler, pikirler bilen öz ukyp-başarnyklaryna özleri serhet goýýarlar. Ummasyz ukyby bir

çäkli meýdanyň içine sygdyrmaga çalyşýarlar. Eger-de sen islendik bir meselä «kyndyr» öýtseň, ol kyn ýaly hem görner, eger «mümkindir» öýtseň, hernäçe kyn hem bolsa, çözmegiň hötdesinden gelersiňiz. Durmuşyňyzdaky «kyn» sözüni «mümkin» sözi bilen çalyşsaňyz, has köp zatlary gazanarsyňyz.

## MERTEBÄNIŇ BAHASY

Bir gezek gadym eýýamlarda baýlyk, ylym we mertebe üçüsi bir saçagyň başyna jem bolup, özara gürrüňe gyzypdyrlar. Baýlyk özüni magtap başlapdyr: «Meniň adamlara täsirim örän uly. Olary parlaklygym bilen özüme çekýärin. Her bir ýagdaýda meni ýatlamaga, maňa arka diremäge mejbur bolýarlar. Köp kynçylyklar meniň bilen çözülýär gidýär. Meniň ýok ýerimde argynlyk, tukatlyk höküm sürýär» diýipdir.

Soňra ylym söze başlapdyr: «Men hemişe akyllar bilen iş salyşýaryn. Işleriň çözgüdini paýhas, mantyk we düzgün-kanun bilen çözmegi başarýaryn. Hatda baýlyk gazanmagyň ýollaryny hem men salgy berýärin. Bisowatlyk, garyplyk, sökellik ýaly dertleriň garşysyna hem berk göreşýärin. Adamzadyň geljegi üçin zerur zatlary hem men öwredýärin» diýipdir.

Soňra söz gezegi mertebä ýetipdir: «Ikiňize-de hormatym uly, ýöne mertebäniň ýok ýerinde baýlygyň hem, ylymdarlygyň hem bahasy egsilýändir. Mertebäniň bahasy örän uly, ol satylmaýaram, satyn alybam bolmaýar. Kim mertebeli bolmaga jan etse, oňa özümi bagyş edýärin. Kim meni harlasa, men hem ondan ýüz öwürýärin» diýipdir.

Soňra olar hoşlaşyp, birek-birek bilen didarlaşyp durmagy arzuw edipdirler. «Biz birek-biregi nireden tapyp bileris?» diýip soraşypdyrlar. «Men gitsem, meni baýlaryň mülkünden, täjirleriň howlusyndan gözläň, taparsyňyz» diýip, baýlyk dillenipdir.

«Men gitsem, meni mekdep-medreselerden, alymlaryň söhbetinden gözläň, taparsyňyz» diýip, ylym hem öz salgysyny beripdir. Mertebe näme diýjegini bilmän, dymyp duruberipdir. «Sen näme üçin

hiç zat ýaňzydaňok, gitseň, biz seni nireden taparys?» diýip soranlarynda, ol: «Men gitsem, gaýdyp dolanmaryn. Men bir gitsem, meni hiç ýerden tapmarsyňyz» diýip jogap beripdir.

Durmuşda ählimize gerekli hökmany gymmatlyklar bar. Olaryň birini ýokary tutup, beýlekisini peselder ýaly däl, hersi öz ornunda juda ähmiýetli, emma ylma hem, baýlyga hem, mahlasy ýaşaýşa, durmuşa hem has kämil öwüşgin çaýýan zatlaryň biri mertebedir.

## ÖZÜŇE YNAN!

Metro geçelgeleriniň birinde hortap bedenli bir bugdaýreňk oglanjyk galam satýan ekeni. Öten-geçen oňa mähir-mylakat bilen baksa-da, ol oglanjykdan hiç zat satyn almaýan ekenler.

Günleriň birinde bir işewüriň ýoly hut şu ýerlerden düşüpdir. Ol bu oglanjygy görüp, nebsi agyrypdyr. Oňa kömek etmek isläp, onuň kisesine 100 dollarlyk puly salypdyr-da, metro münmäge howlugypdyr. Aýagyny içeri salany hem şol ekeni, birden-kä, bir zatlar kellesine gelen ýaly yzyna öwrülipdir-de, ýaňky oglanjygyň ýanyna gelipdir. Oglanjygyň öňündäki galamlardan birnäçesini eline alyp, ötünç soraýan äheňinde: «Puluny töläp, galamlarymy almagy unudypdyryn. Senem edil meniň ýaly işewür adam. Harytlaryňy satýarsyň, üstesine degýän bahadan satýarsyň» diýip, ýene-de dessine metro münüp gidipdir.

Aradan ep-esli ýyl geçipdir. Işewür adamlaryň maslahatynda ýaş ýigdekçeleriň biri ýaňky adamy gözläp tapypdyr. «Siz meni tanaýanam dälsiňiz, menem siziň adyňyzy bilemok, ýöne sizi hiç wagt ýadymdan çykarmaryn. Çünki siz maňa meniň nähili adamdygymy ýatlatdyňyz, ýogsam, şol pursatlara çenli men özümi ýönekeý bir galam satýan, işi şowsuz bir kişi hökmünde görýärdim. Haçanda siz maňa «meniňem edil özüňiz ýaly işewür adamdygymy» aýdanyňyzda, meniň dünýämde uly özgerişlikler bolup geçdi. Özüme bolan hormatym, ynamym artyp başlady. Pikirlerim üýtgedigi saýy, durmuşa we dünýä bolan garaýşym hem üýtgedi. Men şol günden soň

özümde işewür adamyň ruhuny duýup başladym. Şol pikir bilenem ýaşadym, zähmet çekdim. Bu gün bolsa siz ýaly adamlar bilen bir ýerde duşuşmak bagty miýesser etdi» diýipdir.

***

Danalaryň birinde şeýle bir hikmetli söz bar: «Adamlaryň köpüsi özgeleriň özlerine bildiren ynamy esasynda göz öňünde tutýan derejelerinden hem has uzaklara gitmegi başarýarlar. Ýürekden syzdyrylan söz, bildirilen ynam ynsanyň durmuşynda uly öwrülişik etmäge ukyplydyr» diýýär.

Biz özümiz hakda nähili pikir edýäris? Ýa-da biz bu wagtkymyzdan hem has köp zatlary başarmaga ukyplydygymyza ynanmak üçin kimdir biriniň durmuşymyzda peýda bolaryna garaşmalymy? Geçmişde nähili wakalaryň bolandygyna üns berme, sen diňe şu günüňe we geljegiňe gara – nähili adam bolmak isleýän bolsaň, şol ruhda hereket et. Seniň durmuşyň has gowulyga tarap özgermegi üçin beýleki adamlaryň däl-de, ilki bilen seniň özüň özgermegiň gerek. Sen düýnüňi hiç wagtam üýtgedip bilmersiň, sen şu günüňi hem üýtgetmek kyn düşer, emma öwrenmek we özleşdirmek arkaly geljegiňi üýtgedip biljekdigiňe şübhe ýokdur. Durmuşda has köp üstünlik gazanmak üçin öz başarnygyňa iň bolmanda bir göterim ýokary baha ber. Geljekde näme bolup-bolmazlyk seniň öz eliňde. Danalaryň hikmetli sözünde şeýle diýilýär: «Hemişe beýik maksadyňy nazarlap, öňe ýöre. Ynam bilen ilerle! Güýç-gaýratyňy arzuwlaryňy amala aşyrmaga gönükdir: Sen ýa-ha üstünlik gazanarsyň, ýa-da öňküleriňden has köp zat öwrenip, bir gez beýgelersiň». Eger-de sen üstünlik gazanmak hakdaky pikirlere hemra bolsaň, şübhesiz, şol pikirler seni arzyly menzilleriňe hökman ýetirer. Eger-de şowsuzlyk hakdaky pikirler seriňi gaplan bolsa, onda sen durmuşyňdaky we daş-töweregiňdäki ýüzlerçe mümkinçilikleri görmekden mahrum galarsyň. Onsoňam, üstünlik hakdaky karar hiç wagt ertä goýulmaýar, ony şu gün we hut şu pursat kabul etmek gerek. Bellibir karara gelmek seniň eliňde.

# KÖŇÜL AÝNASY

Ýaş oglanlaryň biri diwarda asylgy duran dürbini alyp, daş-töweregini synlapdyr. Täsin zat – uzak aralykdaky zatlar hut ýanyňda ýaly görünýän ekeni. Ol atasynyň ýanyna baryp, bu täsinligiň täsirini paýlaşmak isläpdir. «Ata, seret, dürbi diýilýän zat örän täsin ekeni. Hol uzakdaky zat hem edil aýaňda ýaly görünýär. Ýöne ýakyndan gördügiňçe, siňe synladygyňça, olaryň reňki öçügsi ýa-da tutuksy bolýan ekeni. Köp zady golaýdan däl-de, uzakdan tanap ýörseň, has gözel görünýär» diýipdir. Atasy agtygynyň elindäki dürbini alypdyr we az salym eýlesine-beýlesine seredişdirip, soňra yzyna uzadypdyr. «Käteler bir zat hakdaky pikirlerimiz dogry düşmänem bilýär. Birbada maňzymyza batmaýan, halamaýan zatlarymyz soňlugy bilen biziň üçin haýyrly, peýdaly bolup çykýar. Şonuň üçin bir gezek synlanyňdan soň kesgitli netije çykarmaga howlukmaly däl, belki-de, biziň özümiz dogry saýgaryp, aýdyň görüp bilýän däldiris. Belki-de.. özümiz görmek isleýän däldiris...» diýip, atasy ýylgyrypdyr. «Ýok, ata, asla beýle däl, gowy, gözel zady näçe golaýyňda gördügiňçe ýakymly ahyry, ýöne, ine, seredip gör, ýakynlaşdygyça bularyň reňki we görki ýitip başlaýar» diýip, dürbini gaýtadan eline alyp, synlamaga başlapdyr. Nazar aýlasa, daş-töwerek şeýle bir dury, nurly, her bir zat – agaçlaram, adamlaram, guş-gumrularam öz reňki-roýunda, parlaklygynda, röwşenliginde ekeni. «Ata, siziň eliňiz degdi welin, bu dürbi has dury görkezip başlady. Munuň syry nämede?» diýip, ýaş oglan bilesigeliji nazaryny atasyna dikipdir. «Oglum, bu ýerde men üýtgeşik zat etmedim, men diňe dürbiniň aýnasyna siňen çaň-tozanlary süpürişdirdim. Biz käteler başga zatlara gümra bolup, öz köňül aýnamyza üns bermegi unudýarys. Kalbyň öňüni gubar bagladygyça, dünýäni we durmuşy öz gözelliginde görmek mümkinçiliginden mahrum bolýarys. Her bir zady çaň gatyşykly şekilde kabul edýäris. Şonuň üçin, wagtal-wagtal kalp aýnasyna, köňül gözgüsine elimizi degirsek, ol ýere setanda-seýranda siňen we ýalňyş düşünjeleri oýarýan çaň-tozanlary syryp-süpürip dursak, onda biz her bir zady

hakyky öz keşbinde, owadanlygynda görüp bileris» diýip, atasy jogap beripdir.

## SALGYM

Jokrama jöwzaly tomus günleriniň birinde ataly-ogul giň sähra gezelenje çykypdyr. Gün dik depä galyberende olar çölüň jümmüşine aralaşan ekeni. Şol ýerde düşlemek isläp, arkalaryndaky goş-golamlaryny, iýip-içgilerini ýerleşdiripdirler. «Bu ýollary geçmek aňsadam däl ekeni. Ýöne täze zatlary bilmek, görmek, öwrenmek höwesi ol kynçylyklardan rüstem gelýär. Men bu ýere gelenime örän şat» diýip, ogly ýüregindäki begenjini mälim edipdir. Giňiş sährada, ýaýylyp ýatan ýaýlada, töwerekde ataly-oguldan başga janly-jemende hem ýok ekeni. Tebigatyň howruna çoýunyp, okuw, ylym-bilim, dünýä, durmuş hakdaky mesawy söhbete çümüp oturyşlaryna gün öýleden agypdyr. Iýip-içgiler hem tükenipdir. «Oglum, sabyr etmesek boljak däl, bir içimlik suw hem galmandyr. Howa salkynlaberende yzymyza döneris, ýogsam, bu tüp yssyda halys egbarlap, ýöremäge-de rowgatymyz galmaz» diýipdir. Emma wagt geçdigisaýy, üstesine-de suwuň ýokdugyny bilip duran ogul has beter suwsap başlapdyr. Bir owurt suw galanlygynda, içmän oňsa-da, kanagat etjek welin, onuň ýoklugy oglanyň ýüregini howsala salypdyr. «Ata, belki, şu tarapa ugur alarys, görýärmiň, hanha ol ýerde, ýaýylyp ýatan deňiz bar ýaly-la, häli gözümize ilmändir» diýip, oglan dillenipdir. «Her bir zat gerekli wagty gözümize ilýän ekeni, ýogsam, häliden bäri şol tarapa seredip otursagam, hiç aňşyrmandyrys» diýip, oglan begenipdir. «Ýok, oglum, ol ýaýylyp ýatan zat deňiz däl-de, salgym. Üstesine, has jöwzaly günlerde teşneleriň nazaryna ilýän ilkinji zat şol. Sebäbi teşne adam suwa mätäç. Salgym bilen aralykda dessine aşyp boljak bir menzil görünýändir, emma, sen şoňa tarap süýşdügiňçe, ol hem şonça aňryk süýşer we oňa eňek basmak hergiz miýesser etmez. Suwa teşne mahalyň, salgyma kowalaşmaly däldir» diýipdir. Atasy her näçe düşündirmäge çalyşsa-da, oglan tiňkesini

dikip, asuda tolkunly şol «deňze» seredip otyrmyşyn. Gün ikindiden agypdyr. Iňrik garalyp ugraberende, ýaňky deňiz hem gözden ýitip başlapdyr. «Görýärmiň, oglum, biraz sabyr etsek, bizi aldaýan salgymlar hem gözden ýitjek ekeni. Eger-de häli yzyna düşüp, ugruna eňen bolsak, bujagaz güýjümizi ýitirip, ysgyn-mydardan gaçardyk. Indi, öýe köwlenmäge-de maý boldy, howa salkynlady. Arkaýyn yzymyza aşyp bileris» diýip, atasy ýaňzydypdyr. Olar goşlaryny ýygnaşdyryp durkalar, heniz açylman galan bir çüýşe suwuň üstünden barypdyrlar. «Ata, seret, biz nähak ýere örtenipdiris. Ynha, bir çüýşe suw, bilenligimizde, salgymlara göz dikip, sary-sadylla bolup oturmazdyk» diýip, ogly dillenipdir. «Ýok, oglum, asla beýle däl. Biz bu gün bu ýerde durmuş sapaklarynyň birini öwrendik. Muňa meňzeş wakalar seniň öňüňde entekler kän peýda bolar. Birdenkä durmuş hadysalary aljyradyp, çykalgalara suwsan mahalyň, seni öz girdabyna çekjek dürli-dümen salgymlar – bolar-bolmaz pikirler, düşünjeler, oňar-oňmaz teklipler peýda bolar durar. Şol pursatda aladalara ýesir düşen seriňi durlap, onsoň özüňe geregiňi dury akyl bilen saýlagyn. Çünki salgym suw bolup görünse-de, olar hiç wagt suwa öwrülýän däldirler. Belki, şol wagt sabyr etmelisiň, aldaýjy salgymlar gözden ýitip, hakyky aýdyňlyk bilen gurşalarsyň. Soňra ýene-de öz saýlan ýoluňa endigan dowam etjeksiň. Onsoňam, biz unutsagam, bizi unutmaýan ykbal bar ahyry, ykbalyň ýardamy bize aýny wagtynda şu bir çüýşe suw deýin ýeter durar» diýip, atasy bu wakalaryň syryny, sebäbini ogluna düşündiripdir.

## DERMAN

Mekdebiň howlusyndaky daragtlaryň saýasynda bir zada tiňkesini dikip oturan okuwçy mugallymyň ünsüni özüne çekipdir. Ep-esli wagtlap bir durkuny üýtgetmän, nirädir bir ýere garap oturmasy, ýüzünde joşgun alamatlarynyň bolmazlygy, onuň ýüreginde düýpli aladalaryň köwsarlaýandygyndan habar berip duran ekeni. Mugallym okuwçynyň ýanyna baryp, «eger pikirlerine päsgel bermeýän bolsa,

şol ýerde oturmak isleýändigini» aýdypdyr. «Geliň, ýoldaş mugallym, heý-de orny ýürekde bolan ussatlarymyzyň pikirlerimize päsgeli bolarmy, gaýta, pikirlerimizi saýhallamaga, ugrukdyrmaga ýardamyňyza mätäç» diýip, okuwçy jogap beripdir. «Zerre haýrymyz degse-de, biz dag ýaly hoşnutlyk duýýarys. Ýogsa-da, seriňi dumanladýan aladalar näme? Iki bolup, daşyna geçsek, olaryň dogry çözgüdini taparys» diýip, mugallym özüniň pikir alyşmaga ilgezikdigini mälim edipdir. Okuwçy biraz ýaýdanypdyr, soňra içini döküp başlapdyr: «Ýoldaş mugallym, men durmuş hakyndaky hasaplarymda ýa bärden gaýdýaryn, ýa-da öte geçýärin. Näme üçindir garaşýan zadym hasyl boluberenok. Alnymdan çykýan zatlar bolsa meni begendirenok. Men şu iki ýagdaýy sazlaşdyryp bilmän geçdim. Haýsy pikirlere göwnümi baglajagymy bilmän, aljyrap galdym» diýip, okuwçy ünjüli dillenipdir. Mugallym oňa şeýle jogap beripdir: «Her kim öz durmuşyny özi has gowy bilýär. Durmuşda biziň pikirlerimizi eýeleýän, esasan, iki zat bar. Birinjisi, biziň üçin gyzykly zatlar. Ikinjisi, biziň üçin gerekli zatlar. Ine, biz şu ikisini ylalaşdyryp bilemzok. Ýöne gyzykly zatlaryň hemmesi gereklidir öýtme. Gerekli zatlaryň welin, gyzygy öz içinde ýygşyrylgy durandyr. Özüňe ähmiýetsiz zatlary terk et, olaryň pikirini etmekden uzaklaş. Diňe durmuşyňa peýdasy bolan zatlara ünsüňi gönükdir. Onsoňam, haýsydyr bir zadyň ähmiýetini, gymmatyny şol zadyň saňa ýaraýandygy ýa-da ýaramaýandygy bilen ölçeme. Derman ajy zat, emma ol biziň dertlerden gutulmagymyza, şypa tapmagymyza sebäp bolýar. Şonuň üçin hem mundan buýana özüňe gerekli zatlara gyzyklan, durmuşyňa ähmiýetli zatlara ýapyş. Şonda aldym-berdime salýan baş aýlaýjy pikirlerden saplanyp, durmuşyň hakyky mazasyny duýup ýaşarsyň» diýipdir.

## HÄSIÝET

Güneşli günleriň birinde mugallym okuwçylaryny ýanyna alyp, gezelenje çykypdyr. Halypalaryň her bir ädiminde ders alarlykly bir waka ýüze çykýar. Bu gezek hem mugallym okuwçylaryna adaty bolşy ýaly durmuş sapaklarynyň birini bermegi ýüregine düwen

ekeni. Ol okuwçylarynyň birini ýanyna çagyryp, ýaňy oturdylan ýaş nahallaryň birini sogrup gelmegi buýrupdyr. Okuwçy birbada bu talaba geňirgense-de, halypasynyň buýrugyny dessine berjaý edipdir. Mugallym oňa ýene bir nahaly sogurmagy buýrupdyr. Okuwçy ikinji nahal üçinem kynçylyk çekmändir. Üçünji nahal hem ýeňillik bilen sogrulypdyr. Soňra mugallym şol ýerde ösüp oturan äpet daragty görkezip, şony sogrup gelmegini tabşyrypdyr. «Ýoldaş mugallym, bu mümkin däl, bu bir äpet, köp ýaşan daragt ahyry. Ony sogurmak beýle-de dursun, ýerinden gozgamaga hem gurbatym çatmaz. Muny beýlekilerem başarmaz» diýipdir. Mugallym ýylgyrypdyr we okuwçylaryny töweregine jemläp: «Biziň ýaramaz endiklerimiz edil şu nahallar ýa-da daragtlar ýalydyr. Wagt geçdigisaýy olar barha ösüp, berkäp, galňap, äpet bir daragta öwrüler we ony düýbünden sogrup aýyrmak kyn bolar. Bize öz ýaramaz häsiýetlerimizden saplanmak agyr düşer. Belki, başarmazlygymyz hem mümkin. Ýöne ýaş mahalymyz ýa-da ýaramaz endikleriň ýaňy ýüz berip başlan mahaly, olardan saplanmaga ymtylsak, yhlas etsek, onda ýagşy häsiýetli adamlar bolup galarys» diýipdir.

## ÜNSÜŇ MAKSADYŇDA BOLSUN!

Ýaşulularyň biri üç oglunyň haýsy biriniň has ukyply we üşüklidigini synamak isläpdir. Olaryň hersine bir sagdak doly ok we ýaý berip, alaň meýdana alyp çykypdyr. Uzak aralykda bir nyşanany dikip, perzentlerine ok-ýaý bilen şony jaýdar urmagy tabşyrypdyr. Ol ilki uly ogluny ýanyna çagyrypdyr. «Hany, seret, sen öňüňde nämeleri görýärsiň?» diýip soranda, uly ogly: «Men bu ugurda gök asmany, ýaşyl daragty we ýaldyrawuk nyşanany görýärin» diýip jogap beripdir. «Örän ýagşy, hany onda okuňy çene we ýaýyňy goýber» diýipdir. Uly ogly ýaýyny goýberipdir, ýöne peýkam nyşana degmän, sowa geçipdir. Soňra ikinji ogluny çagyryp, ondan hem nämeleri saýgarýandygyny sorapdyr. «Ýaşyl daragtlaryň aňyrsynda dikilen nyşanany görýärin» diýip, ortanjy ogul ekezlenip jogap beripdir. Atasy şol nyşanany urmagy tabşyrypdyr, ýöne munuňam oky sowa düşüpdir. Soňra körpe

ogluny çagyrypdyr. «Hany, oglum, sen öňüňde nämeler görýärsiň?» diýip sorapdyr. «Ata, men öňümde diňe bir nyşanany görýärin» diýipdir we okuny çenäp, nyşananyň edil merkezinden urupdyr.

Öňüňde maksat goýanyňda we oňa sary ymtylanyňda, nazaryň diňe maksadyňda jemlensin. Gaýry ownuk-uşak zatlar we aladalar ünsüňi başga tarapa sowmasyn. Bu üstünlik gazanmagyň hem-de maksada ýetmegiň iň ygtybarly ýoludyr.

## ÇYRMAŞYK

Atasy tukat oturan agtygynyň ýanyna baryp, beýdip oturmagynyň sebäbini sorapdyr. Agtygy käbir deň-duşlaryndan öýke edendigini, çünki olar bilen sözüniň alyşmaýandygyny mälim edipdir. «Göwnüme bolmasa, olar maňa sähel bir bahanada badak atjak ýaly bolup dur» diýip, içki howpurgamasyny hem ýaňzydypdyr. Atasy rowaýat kysmy bir zatlar gürrüň berip başlapdyr: «Äpet bir daragt bardy. Şahalarynda guş-gumry, saýasynda ynsan ogly dem-dynç alardy. Degre-daşy al-elwan gül-gülälekler bilen örtülendi. Äpet daragt ynsanlaryň, guş-gumrylaryň we gülleriň başyny ýelpäp öter ýaly diňe mymyk şemallary goýberip, tozan-çaňly we gara ýelleri göwresi bilen gorap, yzyna gaýtarardy. Bir gün bu äpet daragtyň düýbünde bir ejizje çyrmaşyk peýda boldy. Her kim geňirgenip seretdi, gaty geň närsedi, köki ýokdy, ýöne daragta mäkäm ýapyşypdy. Köksüz-soýsuz näbelli zatdan üşerildiler, ýöne bu-da bir myhman, goý, birnäçe gün ýaşabersin, bu ýerleriň-ä çöpi däl, alşyp gitse, özümizden biri bolar-da diýişdiler. Ýöne köksüz-soýsuz çyrmaşyk ilki daragtyň aýaklaryna oraldy, soňra biline, boýnuna oraldy... özem ýuwaşlyk bilen, ynjytman, mylaýymlyk bilen oraldy. Ondan soň gurap galan pürleri bir ýere üýşürip, elsiz-agyzsyz ýeller ol ýere bir söz ýazdy: «Köksüz çyrmaşyk kökli daragty guradyp bilýändir». Atasy bu tymsaly aýdyp berende agtygy durmuş menzillerinde gabatlaşan adamlaryny, deň-duşlaryny birme-bir göz öňünden geçiripdir: olaryň kimsini daragta, kimsini guş-gumra, ynsana, al-elwan güllere meňzedipdir,

ýene birnäçesini bolsa...». Heniz oýlaryny jemläp ýetişmänkä atasy agtygynyň içki pikirlerini bölüpdir: «Bilýärmiň, oglum, şu ýerdäki çyrmaşyk adamyň öz häsiýetlerinde dömen ýaramaz endigidir. Ol birbada gaty ýönekeý, sada, üns bererlik derejede bolmadyk zat, emma wagtyň geçmegi bilen şol häsiýet terbiýelenmese, beýleki ýagşy häsiýetleriň ýoguna ýanýandyr. Özüňe ünsli bol! Eger-de sen hemişe ýagşy häsiýetlere duwlansaň, onda senden öýke eden adamlaryň hem dostuňa öwrüler» diýipdir.

## BELENTLIK

Ussadynyň ýanynda ýedi ýyl tälim-sowat alanyndan soňra, ylym basgançaklaryna aýak basanyna monça bolan şägirtleriň biri begenjini, buýsanjyny daşyna çykarypdyr: «Halypam, şu gidişime dowam etsem, ýakyn wagtda ylym belentliklerine çykaryn. Bu ýerde ähli zady öwrenenimden soňra, aňyrda näme galýar? Diňe bilenimizi öwredip ýaşabermeli» diýip, ussadyna ýüzlenipdir. Halypasy bu sowala sesini çykarmandyr. Diňe ýylgyrmak bilen çäklenipdir. Ertesi gün şägirdine ýanyna bir güne ýeterlik azyk-owkatlaryny alyp, özi bilen ýola düşmekligini tabşyrypdyr. Şägirt aýdyşy ýaly ýerine ýetiripdir. Ýolda halypasy şägirdine bakyp: «Hany, seret, seniň görýän iň belent ýeriň nire?» diýip sorapdyr. «Iň belent ýer, ine, şu garalyp görünýän daglar» diýip, obanyň gaýrasyndaky geriş-geriş daglara tarap elini uzadypdyr. Halypasy: «Ýör, ýola düşeli, şol belentlige çykaly, goý, biziň çykmadyk belentligimiz galmasyn» diýipdir. Soň olar tirkeşip, oba-garadan saýlanypdyrlar. Ep-esli menzil aşanlaryndan soňra, dagyň düýbüne baryp ýetipdirler. Goş ýazdyryp, birsellem dynç alypdyrlar. «Iň beýik dag depesi şu bolmaly» diýip, halypasy dillenipdir. «Hawa, hawa, iň belent ýeri şu, düýbünde durup, depäňe seretseň-ä, başyňam aýlanyp gidýär. Depesine gözem ýetjek däl» diýip, şägirdi ony makullapdyr. Soňra olar haýal-ýagallyga ýol bermän, dag belentligine dyrmaşmaga başlapdyrlar. Surnugyp-surnugyp ahyry diýýän ýerlerine ýetipdirler welin, ýaňky şägirt geň galyjylyk

bilen ussadyna ýüzlenipdir: «Halypam, biz ýolumyzy ýalňyşypdyrys öýdýän. Iň belent depesi diýýänimiz, hanha, ol ýerde ekeni» diýip, beýleki bir belentlige tarap elini uzadypdyr. Halypasy ýylgyryp: «Ýok, biz ýolumyzy ýalňyşmadyk. Ýerde duran mahalyň görünýän iň belent ýer şu ýeridi. Mundan beýlesi gözümize görünenokdy. Diňe belentlige çykanyňdan soňra, beýleki beýikligi görüp bolýar. Ýadyňda bolsun, ylym ýollary hem, durmuş ýollary hem hut şeýle, haýsydyr bir zady okap, öwrenip, özleşdireniňden soňra, haýsydyr bir arzuwy, maksady hasyl edeniňden soňra, kämilligiň we mümkinçiligiň indiki basgançaklary, täze gapylary açylýandyr. Şeýle belentliklere we täze mümkinçiliklere hiç wagt gutarma ýokdur» diýip, şägirdiniň düýnki sowalyna durmuş hakykaty we paýhasy bilen jogap beripdir.

Kämillige çäk ýok, öňümizde asylly we beýik maksatlaryň bolmagy, bizi kämillikleriň hem-de ajaýyplyklaryň täze-täze belentliklerine, hatda heniz adam aýagy düşmedik täze açylmaly gerişlerine, üstünliklerine iterip durýar.

## JADYLY TAÝAK

Ýaş ýigitleriň biri ähli arzuwlaryňy bir demde hasyl edýän jadyly taýak edinmek isläpdir. Ol kakasyndan ýol harjyny, azyk-owkatyny alyp, töwerekdäki tanymal bir alymyň öýüne barypdyr. Bu alym şol jelegaýlardaky iň meşhur alymlaryň, şägirt ýetişdirýän mugallymlaryň biri ekeni. Ýigit öz matlabyny aýdypdyr: «Men diýeniňi dessine hasyl edýän jadyly taýak edinmek isleýärin. Munuň üçin nämeleri we näçe ýyl okamaly bolsa-da taýýar. Zähmetden gaçmam ýokdur. Haýsy işi buýursaňyz, aýdanyňyza mähetdel, gyssagy bilen ýerine ýetirerin. Men şol taýagy edinsem bolýar» diýipdir. Alym bu ýigidi synlapdyr. «Jadyly taýagy edinmekden maksadyň näme? Ony nämä ulanjak?» diýipdir. Ýigit: «Arzuwlarymy hasyl etmäge ulanmakçy. Bu öz-özünden düşnükli ahyry» diýip jogap beripdir. Alym oňa: «Ol gaty seýrek gabat gelýän zat. Ony taýýarlamagam, ýasamagam aňsat däl. Ýöne sen bu zähmete döz gelip bilmezligiň mümkin. Üstesine, onuň bir

ynjyk tarapy bar. Taýýarlaýan wagtyň işiň çylşyrymlydygyndan, kyndygyndan ejizläp, sähel bir «ah» diýseňem, ol öňki adaty katdyna dolanýandyr. Ählisini gaýtadan başlamaly bolarsyň» diýipdir. «Ol şeýle kynmy?» diýip, ýaş ýigit sorapdyr. «Aňsat zat bolsa her kimiň elinde bir jadyly taýak bolardy» diýip, alym dillenipdir. «Her näme-de bolsa, men synanyşyp göreýin. Köpden bäri serimden çykmaýan hyýal bu, belki, nesibämde bardyr» diýip, ýigit uludan dem alypdyr. «Munuň üçin ilki bilen ýüz düýp agaç nahallaryny oturtmaly. Olaryň ideg-ysywatyny ýetirip durmaly. Soňra ýetişen daragtlaryň haýsysynyň şahasy jadyly taýak ýasamaga laýyk bolsa, saýlap almaly. Şol taýaga jadyly gudraty salmak üçinem zerur ylymlary öwrenmeli. Öwrenmek we taýýarlamak näçe ýyla çekýänem bolsa, bir pursat hem ýan bermeli däl, ejizlemeli däl, ýaltanmaly däl, ýaýdanmaly däl. Yhlasyňa görä onuň güýji artyp gidýär» diýipdir. Ýigit alymyň bu şertleri bilen ylalaşypdyr. Ep-esli ýyllap her bir aýdylan işi ýadaman-ýaltanman ýerine ýetiripdir. Sowat alypdyr. Bilim öwrenipdir. Ylym goruny artdyrypdyr. Dürli-dürli ylymlary özleşdiripdir. Her bir öwrenen zadyna amal edipdir. Tejribeler geçirip, birnäçe täze zadyň üstüni açypdyr. Agaç şahalaryny we olaryň gurluşyny, peýdaly täsirlerini, biri-birine sapmak arkaly täze ösümlikleri döredip bolýandygyny öwrenipdir. Olary haçan ekmeli, nirede nähili peýdalanmaly, beýlekilere neneňsi kömek etmeli, mahlasy, durmuşa we äleme dahylly ylym-bilim hem alypdyr. Ol oglanlykda göz öňüne getiren, arzuw eden mal-mülküne, dereje-mertebesine hem gowşupdyr. Bir gün halypasy bilen özara söhbet edip otyrka: «Meniň jadyly taýak hakdaky arzuwym-a amala aşmady. Oňa derek göwün islän zadymy gazanyp bilýän derejede mümkinçiligim, gurbum boldy» diýipdir. «Ýöne sen meniň ýanyma geleňde eýýäm eliňde jadyly taýak bardy» diýip, alym dillenipdir. «Düşünmedim, mende hiç zat ýokdy» diýip, ýigit geňirgenipdir. «Biz, köplenç, her bir zada göni manysynda düşünmäge endik edipdiris. Sende jadyly taýagyň bitirip biljek işini başarýan arzuwlar, döredijilikli pikirlenmeler, ynam we ýeterlik yhlas bardy. Şu dördüsiniň bir

ýerde jem bolmagyny jadyly taýak diýip kabul edäý. Onsoňam, her bir ynsanyň pikiri onuň üçin jadyly taýak, eger-de ony beýik maksatlar üçin ulansa, ýogsa-da, ol jadyly taýak däl-de, bir gury agaç şahasy ýaly zat. Meniň üstüme düşen wezipe seniň pikirleriňi dogry-düzgün bir tarapa gönükdirip, ugrukdyryp bilmekdi. Men şeýle-de etdim» diýip, myssa ýylgyrypdyr.

Ýogsam-da, siz öz pikirleriňizi beýik maksatlar üçin sarp edip, ony jadyly taýaga öwrersiňizmi ýa-da onuň gury agaç şahasy bolup galmagyna razymy?

## HAÇAN BAŞLAMALY?

Ýaş oglanlaryň biri hemişe deň-duşlarynyň ýanynda «Meniň dünýäni özgerdip biljek pikirlerim bar» diýip, olar bilen arzuw-hyýalyny paýlaşar eken. Aýlar-ýyllar ötüpdir, ýöne dünýä şol bir durşuna, şol bir tarapyna öwrülip-aýlanyp durupdyr. Dünýä beýle-de dursun, gaýta oglanyň öz durmuşynda hem göze iler ýaly üýtgeşiklik duýulmandyr. Ýöne ol henizem özüniň asylly maksadyndan dänmän ekeni. «Meniň dünýäni özgerdip biljek pikirlerim bar» diýip, ol oturan-turan ýerinde öz dünýäsini açmagy dowam edipdir. Ahyry adamlaryň biri: «Ýeri bolýar, arzuw etmek gowy zat, ýöne netijesi bolmasa, boş arzuwyň peýdasy ýok. Dünýäden öňürti öz durmuşyňy özgertseň gowy bolardy. Haçandan bäri şol bir arzuwa hiňlenip ýörsüň. Ony hasyl etmeklige näme päsgel berýär?» diýip sorapdyr. «Mende beýik arzuw bar, ýöne şol pikirlerimi durmuşa nähili geçirmelidigini bilemok. Haçan we nähili başlamagyň alajyny tapamok. Meni saklaýan zat şol» diýip, oglan jogap beripdir. «Git-de, bir akyldardan maslahat sora. Belki, ol saňa dogry ýoly salgy berer. Bu babatda bizde-de üýtgeşik pähim, düşünje ýok, ýöne dünýäni däl, özüňi özgerdip bilmegem uly zat ahyry» diýip, ol adam jogap beripdir. Bu maslahat ýaş oglanyň maňzyna batypdyr. Ol bir akyldaryň ýanyna barypdyr. Ähli arzuw-hyýallaryny, niýet-maksatlaryny mälim edipdir. «Men arzuwlarymy durmuşa geçirmek üçin ýerine ýetirmeli her bir işimi

ädimme-ädim ýazybam goýdum. Ýöne ýa sähedi duşanok, ýa pikirlerime çile düşüpdirmi, haçan we nädip başlajagymy bilemok» diýip, oglan arzyny aýdypdyr. Akyldar ak sakgalyny sypalap, myssa ýylgyrypdyr. «Seni bökdeýän zat ynsanlaryň köpüsine mahsus ýagdaý. Şol bökdençlik zerarly adamzada bähbitli ýüz müňlerçe arzuw hasyl bolman galýar. Sen nädip başlamalydygyny bileňok. Ilki bilen bir zady pugta belle, haýyrly iş üçin her gün sähetdir. Ikinjiden, başlamagyň esasy üç sany başlangyç nokady bar, şoňa eýerseň, hökman girişersiň. Birinjisi, başlajak ýeriňi kesgitle. Ikinjisi, başlajak wagtyňy kesgitle. Üçünjisi…» diýip, akyldar dymypdyr. Ýaş oglan bir müşgil zady aýdar öýdüp howatyrlanypdyr. «Bilýärmiň oglum, arzuwlaryňy hasyl etmek üçin ýerine-de, ýagdaýyna-da, amatly pursadyna-da garaşyp oturmagyn. Arzuwlary hasyl etmegiň ýeke-täk ýoly – şolaryň ugrunda hereket edip başlamakdyr. Bir söz bilen aýdanyňda «Başlamak» gerek. Ugruna ýykylyp, bir girişeniňden soňra, ähli zat seniň yhlasyň çynlygyna, düşünjäň çuňlugyna görä biter durar. Müşgillikler pursatlara, kynçylyklar mümkinçiliklere öwrüler. Mahlasy, arzuwlary hasyl edip başlamagyň ýoly – hiç zada garamazdan, şonuň ugrunda dessine hereket edip başlamakdyr» diýip, akyldar jogap beripdir.



# HAKYDALARA ORNAN HAKYKATLAR

Adatça, «Durmuş erteki däl» diýýärler, emma biziň daş-töweregimiz ertekilerdäki ýaly täsinliklerden doly. Şol kyssalarda, rowaýatlarda, dessanlarda haýran galdyran ajaýyplyklar, tarypy edilen gowulyklar, waspy ýetirilen gözellikler daşymyzy gurşap, göwnümiziň joşgunyny goşalandyryp dur. Diýarymyzda bolup geçýän beýik özgerişlikleri synlamak, görmek, bilmek üçin guş bolup howa galkmak, ýyldyz bolup Gökden bakmak hökman däl. Ony şu döwletli halkyň, agzybir jemgyýetiň arasynda gezseň, has anyk duýup bolýar. Ýogsam gözüň alnynda gögerýän, günbe-günden boý alýan gülüň ösüşi ynsanyň gözüne ilibem duranok. Edil körpeje balanyň barha boý alşy, ulalyşy ene-atasynyň gözüne kän bildirmän, ony uzak wagtlap görmedik adamlara mese-mälim bolşy ýalydyr. Ynsan gurluşynyň we durmuşynyň şeýledigine garamazdan, biz döwrümizde we döwletimizde bolýan her bir özgerişligi, ösüşi duýup bilýäris. Bu ýagdaý adamlaryň bu gymmatlyklara, mukaddesliklere düşünýänliginiň aýdyň alamatydyr.

Türkmen öz ruhy medeniýetini, milli duýgusyny diňe altyna we göwhere deňeýär. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly

Berdimuhamedow türkmen ýaşlarynda milli-watançylyk duýgusyny kemala getirmegi aýratyn borç hökmünde kesgitledi. Ähli ajaýyplyklar türkmeniň milliliginde, milli ruhyýetinde bar. Kökden aýrylmadyk daragtyň ömri uzak bolýar. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe aslymyza, ata-babalarymyza bolan buýsanç has-da artdy. Şöhratly kowumlaryň ogullary bu gün Gök asmanyň astynda Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe bagtly döwranda ýaşaýarlar.

Geljegimiziň aýdyň ýoly hut hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň öňdengörüjilikli syýasy pähim--parasadynyň miwesidir. Dünýäde öz bitaraplygyňy, berkararlygyňy, erkinligiňi saklap galmak, raýatlaryň asudalygyny, arkaýynlygyny üpjün etmek, raýatlaryň ajaýyp durmuşyny günsaýyn gowulyga özgertmek, aýlyk-günlük we goldaw-hemaýat haklaryny ýokarlandyrmak Beýik Adamyň elinden geljek işdir. Taryhda ata-babalarymyz döwletiň döwletini artdyrýan şeýle ogullaryna «är, gerçek, gahryman» adyny beripdirler.

Adamzat taryhynda birnäçe ruhy-medeni galkynyşlar, taryha ýaň salan, adamzat ösüşine ymykly täsir eden beýik wakalar bolup geçipdir. Gadymy hindiler Orta Aziýa halklarynyň medeni mirasyny özleşdirip, öz medeniýetlerini ösdüripdir. Gadymy ýunanlylar hindi dilindäki eserleri öz dillerine terjime edip, grek medeniýetini dünýä ýaýypdyrlar. Orta asyr gündogar galkynyşy döwründe musulman alymlary grek we hindi dilinde bar bolan eserlerden özleriniň ruhy dünýäsine laýyk gelýänlerini arap we türkmen diline terjime edip, olary öz paýhaslaryna garyp, äleme ýaýradypdyrlar. Dünýäde medeniýetleriň sallançagy hökmünde göz öňünde tutulýan ýerleri barmak büküp sanaýmaly, şolaryň arasynda türkmen topragy bir aýratynlygy bilen beýlekilerden tapawutlanýar: özge sebitlerde medeni galkynyşlar bir gezek döräp, äleme ýaýylan bolsa, türkmen topragynda birnäçe gezek döräp, dünýä ýaýrapdyr. Türkmenistan beýik medeniýetleriň gaýtadan döreýän mesgeni. Edil ýanyp-ýanyp kül bolan kaknusa derek öňküden has owadan, has täsin bir kaknusyň peýda bolşy ýaly, bu toprak öňküsinden

* 30. Sargyt № 975

has beýik medeniýeti kemala getirmäge ukyplydyr. Häzirki zaman türkmen medeniýeti dünýäniň gadymy ösüşlerine mahsus bolan ähli kanunalaýyklyklary özünde jemleýär. Medeni galkynyş üçin esasy iki sany ugur bar. Birinjisi – gerekli ruhy-medeni gymmatlyklary gaýtadan dikeltmek, ikinjisi – uzakdangörüjilikli täzeden döretmek. Häzirki türkmen medeni ösüşinde uzakdangörüjilikli täzeden döretmek ýörelgesi has agdykdyr. Bu, elbetde, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýiti pähim-paýhasynyň miwesidir.

Hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli syýasy paýhasy netijesinde, täzeden döredilýän gymmatlyklarymyz hem örän kän. Aýratyn baýrama öwrülen ylymlar güni, medeniýet we sungat işgärleriniň güni ýurt möçberinde uludan bellenilýär. Bu türkmen döwletinde ylym-bilime, medeniýete we sungata goýulýan sarpanyň beýik derejesini görkezýär. Türkmenistanyň Ylymlar Akademiýasynyň işine ak pata berilmegi we birnäçe ylmy-barlag institutlarynyň gaýtadan açylmagy hem-de täzeden döredilmegi – bu hem buýsançly wakadyr.

«Dünýäniň gözelligine akyl ýetirmek üçin ilki bilen öz ojagyňdaky, öz öýüňdäki gözellikleri görmegi başarmaly. Öz ojagyny söýüp-sylamaýan adam, özge ýeriň gözelligine akyl ýetirip bilmez» diýilýär. Paýhasly ýurt Baştutanymyzyň ähli beýik aladasynda milli ruhy terbiýäniň bar bolşy ýaly, onuň ýolbaşçylygynda gaýtadan ýola goýulýan we täzeden döredilýän her bir gymmatlykda milli ruhy we watançylyk terbiýesi aýdyň bildirip dur.

Her bir iýmitiň ýokumyna seredip, onuň gymmaty, bahasy kesgitlenilýär. Halkymyzyň ruhy iýmiti bolan medeni gymmatlyklarymyz hakda edilýän aladany göreniňde, geçmişimize buýsanjymyz, geljegimize ynanjymyz artýar. Medeni mirasymyzyň haýsy bir ugruny alyp görenimizde hem bimukdar işler ýerine ýetirildi. Ýurdumyzda bina edilen taryhy we ülkäni öwreniş muzeýleri, häzirki zaman türkmen diline terjime edilen orta asyr taryhy we edebi çeşmeleri, arheologik-gazuw barlag işleri netijesinde üstünden barlan täsin taryhy tapyndylar, milli-medeni mirasymyza bagyşlanyp geçirilýän halkara



ylmy maslahatlar örän kän. Ata-babalarymyzyň ýazuw gymmatlyklarynyň öwrenilişi has-da janlandy. Şahsyýetiň kemala gelmegi, belent ruhda terbiýelenmegi üçin gojaman taryhyň berýän peýdasy örän köp. Düýnüňe akyl ýetirmek arkaly geljegi gurup bilmek mümkinçiligi hem hut şol ýerlerden başlaýar. Garysyna galdyrylan ata-babalarymyz, sedasyna gulak asylan ýagşyzadalarymyz geçmişde goýup giden yzlary, ýazuw miraslary bilen bu günki türkmen nesline buýsanç çaýýar.

Dünýädäki golýazma mirasy, geçmişde galdyrylan ýazuw ýadygärlikleri hakynda gürrüň gozgalanda, bu ruhy gymmatlygyň türkmen halkynyň paýyna düşýän bölegi mese-mälim bildirip dur. Merkezi Aziýa sebitinde we şol ýakalarda, esasan, üç halkyň döreden eserleri kän. Olar türkmenler, araplar we parslar. Arap ýazarlary, alymlary diňe arap dilinde, parslar diňe arap we pars dillerinde eser döredipdirler. Türkmenler bolsa türkmen, arap, pars, hindi, urdu, uýgur dillerinde eser döredipdirler. Şol bir türkmen alymynyň üç dilde eser ýazanlygy hakda taryhy maglumatlar bar. Häzirki güne çenli türkmen alymlarynyň dile, edebiýata, taryha, matematika, geometriýa, astronomiýa, geografiýa, himiýa, fizika-mehanika, deňizçilige, harby sungata, lukmançylyga, saza, düýş ýorgutlaryna degişli golýazma eserleri saklanyp galypdyr. Ylmyň haýsy ugruny, haýsy pudagyny alyp göräý, şol ugurda döredilen ylmy çeşmäni hökman tapyp bolýar. Bu Taňrynyňam, tebigatyňam türkmeni ýalkadygydyr.

Milli Liderimiziň ýolbaşçylygynda medeni gymmatlyklarymyza goýulýan sarpa has ulaldy. Taryhyň her sahypasy açyldygyça, biz özümize degişli has giň maglumatlara eýe bolýarys. Düýnümize doly düşünmäge mümkinçilik tapýarys. Şol eserler bu gün aýratyn kitap görnüşinde türkmen öýüniň kitap tekjesini, törüni bezäp dur. Köne çeşmeleri dörmeseň, gözüň bilen görmeseň, dünýäniň edebiýat we taryh meýdanynda bu halkyň şunça alymynyň, şahyrynyň, oýlap tapyjysynyň bardygyna birbada ynanmazlygyň hem mümkin, ýöne dünýäniň bir mertebe medeniýetleşmegine, bir gez ýokary galmagyna

itergi beren orta asyr gündogar medeniýeti, hut türkmenleriň agalyk eden, yklymlary dolandyran döwrüne gabat gelýär. Sebäbi türkmenler baran ýerini abat-abadan eden, medreseleri, ylym-bilim ojaklaryny gurduran, ylymly, düşünjeli, garadan gaýtmaz halk hökmünde arap-pars çeşmelerinde orun alypdyr. Diňe gadym eýýamlara däl, ähli döwürlere mahsus bir häsiýet bar: Her bir halk nirä barsa, nirede ornasa öz medeniýetini, öz däbini, dessuryny hem alyp gidýär. Üstün geliji millet elmydama öz medeniýetini ornaşdyrýar. Ösen orta asyr medeniýetiniň düýp gözbaşynda hem türkmen medeniýetiniň ýatandygy ikuçsuzdyr. Şol döwürde ylym köp ugurly ösüpdir. Edebiýat, taryh, astronomiýa, geografiýa, algebra-geometriýa, lukmançylyk, harby sungat, saz sungaty, dürli mehaniki enjamlary oýlap tapmaklyk ylmy, kanunçylyk, hukuk ylymlary elmydama giň gerimde we beýik ösüşde bolupdyr. Ylmyň islendik ugrundan kämillige ýeten we ylmy kitaplary miras galdyran türkmenleri tapyp bolýar. Aslynda, sazy sungat derejesine ýetiren, sazyň üsti bilen dürli keselleri bejerip bolýandygyny ylmy taýdan esaslandyran ilkinji alym Abu Nasr Faraby Türki, «algoritm» düşünjesini dünýä beren alym Musa al-Horezmi, kibernetikanyň aýratyn ylym bolmagyna iteren, dürli tasirler arkaly hereketlenýän mehaniki gurallar hakdaky ilkinji uly göwrümli ylmy eseri ýazan Ysmaýyl Jezeri, alhimiýa hakda göwrümli we ähmiýetli eserleri bilen adygan Wezir Tugraýy, «taryh» diýen düşünjäni aýratyn ylym hökmünde kabul eden we ylmy delilleri esasynda ykrar etdirip bilen alymlar Ymam Zehebi, Halyl ibn Aýbeg Safady, Süleýman Käfiýeçi ýaly ýene birnäçe alymlar türkmenlerdir. Şu mazmunly söhbedi näçe uzaltsaň, dowam edip bolýar.

Taryhdaky türkmen nesilşalyklarynyň düzüminde bolan sebitlerde türkmenleriň ylma, medeniýete goýan sarpasy has uly bolupdyr. Ylym ojaklaryny, metjit-medreseleri, kitaphanalary gurmak mertebe saýylypdyr. Kitap okamaklygyň özboluşly medeniýeti döräpdir, hatda käbir kitaphanalarda kitap okaýanlygy üçin okyjynyň özüne höweslendiriji hak tölenipdir.

Milli Liderimiziň ýolbaşçylygynda baý ruhy gymmatlyklary bolan türkmen mirasyny giňişleýin öwrenmäge, garysyna galdyrmaga, dikeltmäge örän ajaýyp şert döredi. Asylly edim-gylymlar, medeni baýlyklar dikeldildi, paýhas goruna eýlenen golýazmalar dürli dillerden terjime edildi. Has gadymy türkmen taryhy hakda buýsandyryjy maglumatlary subut edýän täsin tapyndylaryň üstünden baryldy. Asyrlaryň dowamynda ýerine ýetirilip gelnen, gündelik durmuşyň gazanynda gaýnap, kämillige ýeten däp-dessurlarymyz zamanabap röwüş tapdy. Bularyň ählisi Berkarar döwletimizde has giň gerime eýe boldy. Bu gün biz taryhda yz galdyran alymlarymyz, ady nakyllara, hikmetlere we tymsallara siňen merdana ata-babalarymyz dogrusynda giňişleýin söhbet edip bilýäris. Ata-babalarymyzyň taryhdaky ýollarynyň söhbedi nesillerimizde Watançylyk buýsanjyny has kämilleşdirmeklige hyzmat edýär.

Ösüp gelýän ýaş nesil biziň geljegimiz. Biz bu gün olary nähili terbiýe bilen gurşasak, ertirki gün şol terbiýä laýyk gelýän miweleri ýoljakdygymyz düşnükli. Ýaşlara öwredilýän we ündelýän her bir zat olaryň şol ugurdan düşünjesini artdyrmak bilen birlikde, olarda ýagşy häsiýetleri – watansöýüjiligi, mertligi, adamkärçiligi, agzybirligi terbiýelemäge hem ýardam edýär. Şu babatda edebi eserleriň, esasan hem, gysgaça beýan edilýän tymsallaryň bitirýän hyzmaty örän uly. Sebäbi durmuş tymsallary az sözde ömre tekge boljak çuňňur manyny beýan edip bilýär. Tymsallar okyjyda belent ahlak sypatlaryny, ýagşy häsiýetleri terbiýeleýär. Olarda has beýik bolmaklyga, has gowy bolmaklyga, hemişe umytly we maksatly hereket etmeklige höwesi, ynamy oýarýar. Ýaş nesillere täsir etmek bilen birlikde ata-babalarymyzyň taryh sahypalaryna sünnälenen hikmetli sözlerini okamak her bir watansöýüji raýat üçin hem buýsançlydyr. Şeýle söhbetler, kyssalar, tymsallar öz halkyňa bolan buýsanjy berkidýär.

Her bir işe döredijilikli çemeleşmek milli Liderimiziň aýratyn ündeýän zatlarynyň biri. «Her bir raýat, her bir adam «Döwletiň berkemegi we gülläp ösmegi üçin men näme edip bilerin?» diýen sowaly

öz-özüne bermelidir» diýen pähim-parasatly we maksada ugrukdyryjy sözleri bolsa ömrümiziň baş şygaryna öwrüldi.

«Türkmenler hakda 100 hekaýat» atly tymsallar we rowaýatlar toplumy hem-de taryhdaky türkmen serkerdeleri dogrusynda söhbet açýan, öň bize mälim bolmadyk ýazgylar, hut hormatly Prezidentimiziň beýik maksatlara ruhlandyrýan sözleri, taryhymyzy giňişleýin we çuňňur öwrenmäge döreden mümkinçilikleri netijesinde hasyl boldy.

Kyssalar, hekaýatlar şahsyýetde beýik adamkärçilik sypatlaryny, ýagşy däp-dessurlary, adatlary terbiýelemekde hemişe eý görlüpdir. Olarda beýan edilýän zatlar aňlara haly deýin çitilipdir. Çünki ary çeşmeden ugur alýan beýik maksatlar ynsanda şoňa mahsus häsiýeti kemala getirýär. Şol ýerde beýan edilýän şahsyýetlere meňzemeklige, olaryň öwüt-nesihatly sözlerinden ylham almaklyga iterýär.

Orta asyrlarda ýazylan onlarça çeşmeden susulyp alnan 100 sany hekaýat ata-babalarymyzyň durmuş meýdanyndaky dürli ýagdaýlaryndan söhbet açýar. Bu çaklaňja iş eždatlarymyz hakdaky taryh kitaplaryna siňen hekaýatlary bir uly kitaba jemlemek maksadynyň ilkinji ädimleridir. Bu hekaýatlar Muhammet Gaýmaz Türkmeniň «Taryh al-islam», Ibn Abd Rabbihiň «El-ykdul-ferid», Al-Abşihiniň «Al-Mustatraf», Ibn al-Jewziniň «Ahbar al-ezkiýa», al-Mawerdiniň «Edeb ad-dünýä wed-din», Al-Jahyzyň «Fadail al-etrak», Ibn Esiriň «El-Kämil fit-taryh», Ýusup ibn Taňryberdiniň «An-Nujum az-zahira fi muluk Misr wel-Kahira», Muhammet ibn Demiriniň «Haýat al-haýawan», Usama ibn Munkyzyň «El-ygtybar», orta asyr awtorynyň ýazan «Kysas al-arab» ýaly ýene birnäçe eserlerinden saýlanyp alyndy. Rowaýatdyr wakalaryň diňe kagyz gatlarynda ýatmandygy, olaryň käbirleriniň häli-häzirlerem halk arasynda ýatlanýandygy has-da buýsançlydyr. Halkymyzyň baý ruhy-medeni mirasyny giňişleýin öwrenmekde döreden mümkinçilikleri üçin hormatly Prezidentimiz, Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň janynyň sag, ömrüniň uzak, beýik işleriniň elmydama rowaç almagyny beýik Alladan dileýäris.



# TÜRKMENLER HAKDA 100 HEKAÝAT

*(Orta asyr arap çeşmelerinden saýlanyp alyndy)*

## 1. ŞÜBHELERI SYRÝAN DELIL

Balhda ýaşan pirleriň biri wagtal-wagtal adamlary ýanyna üýşürip wagyz-ündew eder eken. Ol: «Mende Allanyň bardygyny subut edýän ýüz sany delil bar. Geliň, öwredeýin» diýip, ýörite sapak berer eken. Emma şol ýere täzelikde göçüp baran bir ýaş ýigidiň onuň maslahatyna barmaýandygyny pire aýdypdyrlar. Pir bu ýigidi öýüne getirmek üçin her hili usullar ulanyp görüpdir, emma ol öz okuwy, ylym-bilimi bilen meşgul bolup ýörüpdir. Ahyry piriň özi ýigidiň huzuryna barypdyr. Onuň näme üçin öz söhbetlerine gatnamaýandygyny, özünde Allanyň hakykatyny subut edýän ýüz deliliň bardygyny aýdypdyr. Ýigit edep bilen jogap beripdir: «Hormatly pir, delil şübhäni aradan aýyrmak üçin gerek. Mende bolsa Allanyň barlygyna hiç hili şübhe ýok, şonuň üçin bu zadyň maňa ähmiýeti ýok. Men özüme gerekli zatlary öwrenmek isleýärin» diýipdir. Taryhçylar bu ýigidiň Nejmeddin Kubradygyny öz eserlerinde ýatlapdyrlar.

## 2. HYDYR GÖREN BEDEW

Ylym-bilimde, takwalykda ady uzaklara ýaýran Abdylla ibn Mübärek Merwezi dor atyny depip, duşmana garşy söweşip ýörkä,

birdenkä aty büdräp ýykylypdyr. Ol näderini bilmän aljyrapdyr. Töweregine garanjaklapdyr. Birdenkä alnynda jowur ak sakally bir adam peýda bolup: «Sen ýene-de şu atyň bilen söweşe galkmak isleýärmiň?» diýip sorapdyr. Abdylla ibn Mübärek Merwezi «Elbetde» diýip jogap beripdir. Ak sakally adam başyndan sagrysyna çenli aty birlaý sypalap goýberipdir welin, ol tarsa aýak üstüne galypdyr. Abdylla hezretleri haýal etmän jeňe girişipdir. Duşmanlaryny tary-mar edip, ýeňiş şemaly ýüzüni ýelpände, ýaňky ýaşulynyň hem özleri bilen şol meýdanda söweşip ýörendigini görüpdir. Abdylla hezretleri «Ýaşuly, meniň atymy bejeren siz dälmi? Siz kim bolarsyňyz?» diýip sorapdyr. Ak sakally, perişde pisint ýaşuly oňa özüniň Hydyr atadygyny tanadypdyr. Şondan soň Abdylla hezretleri bu keramata düşünipdir we behişdi bedewleriň ýanynda elmydama Hydyr atanyň gezýändigine göz ýetiripdir.

## 3. GOŇŞY BAHASY

Abdylla ibn Mübäregiň bir jöhit goňşusy bolupdyr. Ol çagalaryndan öňürti ýaňky jöhide nahar dadyrar eken. Çagalaryndan öňürti, ony geýindirer eken. Günleriň birinde bu ýerden howly edinmek isleýänleriň biri jöhidiň ýanyna gelip, jaýyny satmagy teklip edipdir. Jöhit: «Öýüm, howlym iki müň dinara durýar. Müň dinar onuň hakyky gymmaty. Müň dinar bolsa gowy goňşymyň barlygy üçin» diýipdir. Müşderi bu sözlere ör-gökden gelipdir: «Biz-ä jaýyň bahasynyň üstüne goňşy hakynyň urulýandygyny heniz eşidemzok» diýipdir. Emma jöhit pikirinden dänmejegini ýaňzydypdyr. Bu sözleri eşiden Abdylla ibn Mübärek jöhit goňşusyna ýagşy dilegler edipdir. Oňa öňküsindenem has gowy seredipdir.

## 4. MUGTASYM WE FETH IBN HAKAN

Günleriň birinde halyf Mugtasym özüniň aýratyn hormat goýýan türkmen weziri Hakanyň öýüne barypdyr. Howluda ýedi ýaşlyja Feth oýnap ýören ekeni. Halyf Mugtasym Fethiň ýanyna baryp: «Hany sen

aýt, emiriň öýümi ýa-da öz howlyňyz – haýsysy has gowy?» diýip sorapdyr. Kiçijik Feth säginmändir: «Emir biziň howlymyzdaka has gowy». Halyf Mugtasymyň kiçijik Fethiň bu dilewarlygyna göwni göterilipdir. Ony ýene gürletmek isläpdir. Barmagyndaky gymmatbaha gaşly ýüzügini görkezip: «Heý-de dünýäde şundan ajaýyp zady görüpmidiň?» diýip sorapdyr. Fethiň jogaby nagt bolupdyr: «Hawa görüpdim. Şol ýüzügi dakynýan barmaklar ondan has ajaýypdyr». Halyf Mugtasym näme diýjegini bilmändir.

## 5. WATAN KÜÝSEGI

Gadym döwürlerde goňşy ýurtlaryň bir hökümdary awa-şikara çykypdyr. Bir keýigi yzarlap barşyna ýoldaşlaryndan aýra düşüp, azaşypdyr. Ýurduň çäginden daşlaşanyny, türkmen illerine aralaşanyny duýmandyr. Surnugan atyna dem-dynç bermek üçin golaýdaky çarwa düşelgesinde düşläpdir. Mazaly özüni dürsäpdir. Hökümdaryň ol çarwa türkmen bilen gepi-sözi alşypdyr, juda göwnüne ýarapdyr. Ony öz ýany bilen alyp gitjekdigini, uly wezipeler we engamlar, gymmatbaha halatlar we serpaýlar berjekdigini aýdypdyr. Çarwa hernäçe boýun towlasa-da, hökümdar onuň «ýoguna» bakman, ýany bilen öz ýurduna alyp gidipdir. Özünden gowy iýdiripdir, özünden gowy geýdiripdir. Emma çarwa türkmeniň ýüzi açylyp gidibermändir. Müň tilsimli darbazlar, hokgabazlar oýun görkezipdir, çarwanyň ýüzünde bir ýylgyryş peýda bolmandyr. Hökümdar ahyry onuň öz ilini ýiti küýseýändigini bilipdir, emma çarwa dostuny gözüniň alnyndan gideresi gelmändir. Köşgüň tanymal ymaratçylaryny, binagärlerini çagyryp, çarwanyň ýaşaýan ýeriniň – dogduk iliniň çyzgysyny, suratyny çekip getirmegi we şonuň esasynda edil şoňa meňzäp duran ýaşaýyş mähellesini bina etmegi buýrupdyr. Buýruk kemsiz ýerine ýetirilipdir. Hökümdar çarwany ýanyna alyp, täze mesgenlere aýlanmaga çykypdyr. Çarwa türkmen haýran galypdyr: jaýlaram, baglaram – ähli zat edil öz ilindäki ýaly, topragy bilen göçürilip getirilen kysmy diýýär. Çarwa bu meňzeşlige birsellem haýran galyjylyk bilen

seredipdir, ýöne göwni açylmandyr. Sebäbi jaýynda-bagynda müň meňzeşlik, ýüz artykmaçlyk tapsaňam, ol seniň Watanyň däl ahyry, iliňdäki ajaýyp adamlary göçürip getiräýeňde näme, ýeri onuň müň derde melhem howasyny niçiksi alyp gaýtjak? Ahyry bolmajagyna gözi ýetensoň, hökümdar çarwa dostuny öz iline ugradypdyr.

## 6. JENNET TOPRAGY

Bagdat medreseleriniň birinde müderris talyplarynyň üşügini, zehinini, ylym-bilim derejesini barlap görmek isläpdir. Ol talyplaryny ýanyna çagyryp: «Zeminiň bir künjünde jennet topragy bar, şondan bir gysym alyp geliň» diýipdir. Her talyp okan, öwrenen zadyny hatyrynda gaýtalapdyr, küti-küti kitaplary dörjelemäge başlapdyr. «Ajaýybul-mahlukat we garaýibul-mewjudat» ýaly eserleri hem sahypalap söküpdirler. Jennet topragynyň nirede ýerleşýändigini haýsy kitapda ýazylandygyny bilmek üçin ürç edipdirler. Şol günleriň birinde Al-Merwezi lakamly bir şägirdiň müderrisden rugsat alyp, Merwe gidendigini talyplar bilip galýar. Olar öz aralarynda pyşyrdaşyp: «Diýmek, jennet topragy Merwde bolmaly. Öňki alymlaram Merwi jennetiň nusgasyna ýönelige deňän däldirler, şol ýerde bir mukaddes ýer bardyr, ony hem şu ýoldaşymyz bilýändir. Biziň bu zatlary bilmeýşimizi diýsene» diýşipdirler. Birnäçe günden soň al--Merwezi bir gysym topragy müderrisiň öňünde goýupdyr: «Tagsyr, ynha, size jennetden bir gysym toprak getirdim» diýipdir. Müderris hiç zat bolmadyk ýaly düwünçegi kabul edipdir we ony ähli talybyň öňünde açyp görkezipdir. Üýtgeşik topragy görmäge höwesek talyplar düwünçegiň daşyna egele bolupdyrlar. Görseler, adaty bir gum. Talyplar bu wakanyň syryna akyl ýetirip bilmändirler. Müderris ondan «Hany, şägirt, munuň jennet topragydygyny ýoldaşlaryňa hem düşündir, ýogsam, olar ynam etmeýäne meňzeýär» diýipdir. «Tagsyr, hezreti Pygamberimiziň «Jennet eneleriň dabanynyň astyndadyr» diýen mübärek sözleri bar. Men hem obama baryp, enemiň basyp giden aýak yzyndan bir goşawuç gum aldym, ine, şu hem jennet top-

ragydyr» diýip jogap beripdir. Müderris bu jogapdan hoşal bolupdyr. Beýleki talyplaryň bolsa haýran galmakdan başga çykalgasy galmandyr. Öwrenen zatlarynyň ýadynda galmandygyna we talap edilýän zadyň asyl hikmetine göz ýetirmän, ony düýbünden başga ýerden gözländiklerine düşünipdirler.

## 7. GOWY ADAMLAR ADAMYŇ GOWY TARAPYNY GÖRÝÄR

Anuşirwan patyşa ogly Hürmüzi mirasdüşer bellemek üçin, wezirlerine, hekimlerine geňeşipdir. Ýurduň sözi täsirli adamlary, wezir-wekiller Hürmüziň mirasdüşer patyşa bolaryny islemändirler, käbirleri bolsa kes-kelläm garşy çykypdyrlar. Müň dürli bahana agtaryp başlapdyrlar: «Onuň ejesi türkmen ahyry. A sen bilmeýärmiň, türkmenler zatdan gorkanok, barsdan, börüden heder edenok. Kowalasa tutýar, gaçmany bolsa bilenok. Gaharyny getirseň, gözüniň okuny aýap, elindäki oky bilen urýar. Olaryň ýanynda sähel säwlige uçran özüň bolma, geçirimlilik etjek gümany ýok» diýipdirler. Anuşirwan bu pikir bilen ylalaşmandyr: «Ogullar enesine däl-de, atasyna çekýär. Enesine çekende hem ýaman ýeri ýok, ine, Kubadyň ejesi hem türkmen ahyry. Gör, ol nähili ýagşy gylykly, pähimli. Her bir hereketini paýhas bilen ýerine ýetirýär. Kubadyň nähili ynsandygyny özüňiz görüp ýörsüňiz, ýogsam şonuň damarynda hem türkmen gany aýlanýar» diýipdir. Wezir-wekiller ýene öz eňegine tutupdyr: «Hürmüziň boýy hem kelte. Bir zadyň üstüne mündürip ýa-da tagtda oturanda synlaýmasaň, känbir görjek gümanyň ýok» diýşipdirler. «Ol hem uly ýitgi däl» diýip, Anuşirwan dillenipdir. Ahyry wezir-wekiller öz nägileligini halkyň adyndan ýaňzydypdyrlar: «Il-günem Hürmüzi känbir gowy görüp baranok» diýşip, barha tersine tutupdyrlar. «Görýän welin, siz Hürmüzi bu mertebä rowa görjek däl öýdýän. Köneden gelýän bir söz bar, «Bir adamyň müň sany haýyrly, ýagşy tarapy bolubersin, şol haýyrlaryň arasynda il-günüňi söýmek diýen düşünje ýok bolsa, ol adamda jinnek ýaly haýyr ýokdur. Bir

adamyň müň sany aýyby-nogsany bolubersin, şol aýyplaryň arasynda il-günüňe gyýa garamak diýen düşünje ýok bolsa, ol adamda jinnek ýaly hem aýyp ýokdur» diýilýär. Adam bir zady gowy görse, onuň diňe gowy taraplary gözüne ilýär. Bir zada jyny atlansa, onuň diňe ýaramaz ýerlerini görmek bilen çäklenýär. Ýagşy niýet adamyň diňe ýagşy taraplaryny, ýagny özüňe gerek häsiýetleri açýar. Ýaman niýet adamlaryň diňe nogsanly ýerini, hatda ýagşy ýerini hem tersine çöwrüp görkezýär. Her bir zadyň gowy tarapyny görmäge çalşyň, hökman görersiňiz» diýipdir.

## 8. ÖZÜŇE UZAN ELLERI BOŞ GOÝBERME

Müsüriň türkmen hökümdary Ahmet ibn Tulun örän jomart we köp sadaka berýän adam bolupdyr. Ol mätäçlere we ýeter-ýetmezlere paýlaýan sadakasyndan, adamlara ýapýan serpaýyndan, eçilýän engamyndan, sadaka sandygyna atýan harjyndan başga-da her aýda müň dinary ýörite paýladar ekeni. Onuň bu sadakasyny bu wezipä ýörite bellenen Selim hadym ýerine ýetiripdir. Bir gün Selim hadym hökümdaryň huzuryndan çykmanka, oňa bir mesele bilen ýüzlenipdir: «Hökümdarym, illeri gezip, gapylary kakyp, sadaka mätäç adamlary sorap ideýärkäm, «men mätäç» diýip, elini uzadýan her dürli adama gabat gelýärin. Olaryň käbiri elleri hynaly. Käbiriniň barmagynda tylla ýüzük ýa-da goşarynda altyn bilezik bar. Men şolara-da sadaka bereýinmi ýa-da bermäýin?» diýipdir. Ahmet ibn Tulun biraz pikirlenip oturypdyr we «Ýanyňda sadakalyk harjyň we eçilere ýagdaýyň barka, özüňe uzan elleri boş goýbermegin. Hökman sadaka bergin» diýipdir.

## 9. BIR ÄDIM ARALYK

Taryhy çeşmeleriň birinde şeýle waka gürrüň berilýär. Bedew atyny özünden hem eý görýän türkmen serkerdeleriniň biri ganym duşman bilen garpyşmak üçin ala meýdana başa-baş söweşe çykypdyr. Bedewiň üstünde aňyrdan howalap gelşine, naýzasyny elinden

düşürmän duşmana tagna saljak bolýarmyşyn welin, bir ädim aralyk ýetmän dur diýýär. Türkmen serkerdesi üç gezek dagy bu hüjümini gaýtalapdyr, emma her gezegem bir ädim ýeter-ýetmez aralyk galanda, duşman hyrra yzyna öwrülip, sypara maý tapýan eken. Türkmen yzyna lapykeç dolanypdyr. Mundan öň bu bedewi bilen kowalan awuny tutandygyny göz öňünde aýlapdyr. Bu bärden gaýtmagyň sebäbine teý düşünip bilmändir. Ahyry şol pikirlerine ulaşyp, uka batypdyr. Düýşünde aty oňa adam dilinde: «Hojaýyn, düýn sen maňa bir çuwal iýmlik arpa alaňda, söwdagäre bir dirhem puly kem berdiň. Ana şol bir dirhem hem seni maksadyňa ýetirmän, bir ädim bärde saklaýar. Atyň arpasy halal, ýigidiň alny-arkasy arassa bolanda, alynmaýan sepgit, aşylmaýan menzil galmaz» diýipdir. Düýşünden oýanan dessine, türkmen ol söwdagäre bilmezlikden kem tölän bahasynyň üstüni ýetiripdir we şol gün hem maksadyna ýetipdir. Halal hörek hökman maksada ýetirýändir.

## 10. BIR TÜRKMENIŇ DOGASY

Gadym döwürde türkmenleriň biri haj zyýaratyna ugrapdyr. Ähli däp-dessurlary berjaý edip, egnine yhram atynyp, beýlekiler näme etse, şony gaýtalap geziberipdir. Gara daşyň daşyndan ýedi gezek aýlanypdyr. Ýöne bu türkmen zyýarata gelenleriň, ýerli halkyň biriniň hem diline düşünmeýän eken. Olaryň näme aýdýandyklaryna, Alladan näme dileýändiklerine hiç aň ýetirip bilmändir. Ahyry ol hem bir ýere çekilipdir-de, Alladan dileg edipdir: «Perwerdigärim, bu gün seniň huzuryňa geldim, Käbäni zyýarat etdim. Gurbumyň çatdygyndan barça ybadaty berjaý etdim. Bu wagt senden dileg-doga edilýän pursady. Eý, hak Allam, men töweregimdäki adamlaryň senden näme soraýandyklaryny bilemok, ýöne meniň Senden etjek dilegim, şu adamlaryň yhlasyny ýerine düşürip, olaryň ählisiniň dileg-dogalaryny kabul et. Meniň senden ähli dilegim şu!» diýipdir. Däp boýunça, ähli däp-dessur berjaý edilenden soňra, hajyň kabul bolup-bolmandygyny bilmek üçin, zyýaratçylar şol gijäni Käbede ýatyp geçirer ekenler.

Her hajyň netijesi düýşde aýan bolýarmyş. Şol gije zyýaratçylaryň ählisi hem birmeňzeş düýş görüpdirler. Düýşlerinde: «Halaýyk, siziň bu gezekki zyýaratyňyz, dileg-dogaňyz bir türkmeniň özüne pespällik bilen garap, siz üçin eden dogasy sebäpli kabul edildi» diýen ses ýaňlanypdyr. Şeýdip, bir türkmeniň hatyrasyna şol gezekki ähli hajynyň yhlasy hasyl bolupdyr.

## 11. TÜRKMENIŇ MERDANALYK HÄSIÝETI

Arap hökümdarlarynyň biri hakda şeýle kyssa bar. Hökümdaryň uzak wagtlap perzende gözi düşmändir. Ahyry uzaga çeken bejergilerden, dileg-dogalardan soňra onuň ogly bolupdyr. Hökümdar şol sebitlere habar iberip, ogly üçin mynasyp terbiýeçini görmek isleýändigini jar çekdiripdir. Wezir-wekilleriniň maslahaty esasynda, ahyry bir gojany saýlap alypdyr. Goja hökümdardan oglunda nähili häsiýetleri görmek isleýändigini sorapdyr. Hökümdar: «Meniň oglumda araplaryň myhmansöýerligi, parslaryň paýhaslylygy we türkmenleriň merdanalyk häsiýeti jemlensin» diýipdir.

## 12. WATANSÖÝER PIR

Gündogaryň keramatly adamlarynyň biri Nejmeddin Kubra bilen bagly şeýle rowaýat bar. Bir gün pir hezretlerine bir alamat aýan bolýar. Ol öz ýetişdiren şägirtlerini ýanyna ýygnap, toplanan ylym-bilimiň köýüp gitmezligi üçin, olaryň ählisiniň Horasana tarap göç etmegini tabşyrýar. Nejmeddin Kubra şägirtlerine: «Gündogarda bir ot-ýalyn peýda boldy, ol günbataryň bäri ýanlaryny hem ýakyp taşlar. Bu örän uly apatdyr, bu ymmat, bu halk beýle apaty mundan öň gören däldir» diýýär. Aryplyk, pirlik derejesine ýeten we beýleki ähli şägirtleri oňa bu belanyň başdan sowulmagy üçin Alladan dileg-doga etmekligi soraýar, emma Nejmeddin Kubra olara: «Bu Allanyň gutulgysyz takdyry we üýtgewsiz ýazgydydyr. Dileg-dogalaryň muňa hiç hili peýdasy bolmaz» diýip jogap berýär. Şägirtleri ulag mümkinçiliginiň bardygyny, piriň hem özleri bilen şäherden çykyp gitmegini soraýar-

lar, emma ol: «Maňa Hakdan gelen buýruk bu şäherden gitmezlik we bu söweşde jan bermeklikdir» diýýär. Mundan soňra şägirtleri piriň tabşyrygy bilen şäherden çykyp gidýär. Onuň özi bolsa ýanynda galan ýoldaşlary bilen duşmana garşy göreşe girýär.

Söweş başlamazyndan öň asmany gara bulut gaplap alypdyr we şähere hüjüm etmek mümkin bolmandyr. Piriň keramaty bilen ep-esli wagtlap, howa açylmandyr. Diňe bu hadysanyň gutulgysyzdygy pire aýan bolandan soň, duman syrylýar we mongol leşgerleri şähere hüjüm etmäge girişýär. Nejmeddin Kubra göterip bilen sapan daşlaryny ýanyna alyp, duşmana zyňyp başlaýar. Her daşyň düşen ýeri uly ot-ýalyn bilen gabsalypdyr. Daşy gutaran badyna, piriň gursagyna ok çümýär. Şol wagt Nejmeddin Kubra ol oky aýryp, asmana sary zyňyp goýberýär we özüniň iň soňky sözlerini şygyr bilen aýdýar. Köne çeşmelerde pir bu sözlerini öz ene dilinde aýdypdyr diýip tekrarlaýarlar. Ol goşgynyň manysynyň «Isleseň meni wysal bilen, isleseň pyrak bilen öldür – bu pikirlerden azatdyryn. Maňa seniň söýgiň ýeterlikdir» diýen sözlerdigi beýan edilýär.

## 13. GARŞYDAŞ GARAŞMAÝAR

Gadym döwürlerde gaýry ýurtdan gelýän agyr kerwen bir türkmen obasynyň üstünden geçmeli bolupdyr. Bag-bakjasy seleňläp oturan bir obanyň gyrasynda eli okly, ýaýly ýedi ýaşlaryndaky oglanjyk çöküne düşüp, aglap oturan eken. Kerwenbaşy oglanjygyň ýanyna baryp: «Oglum, näme boldy, näme üçin aglaýarsyň?» diýip sorapdyr. Oglanjyk gözünden boýur-boýur ýaş döküp oturyşyna, ok atym aralykdaky gara agajy görkezip: «Men nyşanany urup bilmedim, şonuň üçin namys edip otyryn, özüme gaharym gelýär» diýip jogap beripdir. «Heý-de onuň üçinem gözýaş dökerlermi. Sagdagyň okdan doly, ýene birini alyp, atyp goýber» diýip, kerwenbaşy dillenipdir. Onda oglanjyk: «Ýöne duşman meniň ýene bir okumy alaryma garaşyp durarmy näme?» diýip, kerwenbaşynyň ýüzüne soragly nazaryny dikipdir. Kerwenbaşy bu jogaba haýran galypdyr: «Türkmeniň

ýedi ýaşlysy şeýle pikir edýän bolsa, ýaşy ýetip, akly goýalyşanlarda Watan, namys duýgusy has kämil bolmaly» diýip, türkmeniň bu duýgusyna telpek goýupdyr.

## 14. HOREZMŞA WE ŞADYÝAN ÝIGIT

Muhammet Horezmşanyň zamanynda ýurtda uly gahatçylyk ýüze çykypdyr. Ýaplaryň suwy çekilip, ýeriň berekedi göterilipdir. Mal-garanyň garamatyna gabak galdyrmag-a beýle-de dursun, galyň bende çeýnäre çörege zar bolupdyr. Aý aşdygy saýy alaçsyz bendeleriň haly has-da egbarlapdyr. Uzagyndan umyt edere hem yş galman eken. Köpçülik halys ruhdan we tapdan düşüpdir. Şeýle ýagdaýda soltan bir perman çykaryp, ýurduň içinde toý-dabaranyň, göçgüniň peseldilmegini, aýdym-sazyň bes edilmegini buýrupdyr. Perwerdigäre çyn ýürekden dileg-doga etmegi, köňli pakyr bolup gezmegi, geljegiň gaýgysynda şatlyk-şagalaňy unutmagy tabşyrypdyr. Bogazyndan owurt suw ýa-da döwüm çörek ötmedik bendeleriň onsuzam gaýry zada mejaly ýok eken. Ýurt şeýle bir tukatlyga bürenipdir welin, her soňky ýagdaý öňki hallarynyň üstüne urna bolýan eken. Şeýle günleriň birinde köşgüniň penjiresinden töweregi synlap duran soltanyň köçeden aýdyma hiňlenip gelýän, şadyýan bir ýigide gözi düşüpdir. Derhal ony ýanyna getirmeklerini buýrupdyr. «Ýeri, ýigit, ulus iliň ýüzi ýokary galanok welin, seniň ökjäň ýere degenokla. Joşgunyňa bäs etmez ýaly, beýle begendirýän zat näme?» diýip, soltan sorapdyr. «Hökümdarym, ýeri men nämäni gaýgy edeýin. Ähli zady ýerbe-ýer, ýagdaýy gurat hojaýynym bar. Hor-har edenok. Yhlasyma görä hak-heşdegimi ýetirip dur. Gowy zada begenip bilmegiň özi gowulyk» diýipdir. Soltan bir sellem oýurganyp oturyp: «Bu ýigit özüniň hojaýynyna arkalanyp, dünýäde arkaýyn gezýän bolsa, hiç wagt hazynasy tükenmeýän Perwerdigäre daýanmak has-da ygtybarlydyr. Halky şatlyk-şowhundan gabap goýmaýyn-da, bolanjasyna begenmeklerine ejaza bereýin. Kimiň göwni giň bolsa, rysgy hem giň bolar. Galanyny Taňryň özi ýetirer» diýipdir. Şondan soň ýurdunyň

* 31. Sargyt № 975

raýatlaryna zady gaýgy etmän, giň göwünli we umytly gezmeklerini buýrupdyr. Tiz wagtdan bolsa ýurduň ýagdaýy düzlenip, ýaşaýyş has-da gowulanypdyr. Şonda soltan Taňrydan umytly gezmegiň juda uly gudratynyň bardygyna göz ýetiripdir.

## 15. AHMET IBN TULUNYŇ ADYLLYGY

Müsüriň türkmen hökümdarlarynyň biri Ahmet ibn Tulunyň adyllyk çawy alyslara ýaýylan eken. Ol hepdäniň her gününde raýatlaryň arzy-halyna, şikaýatyna sereder ýaly ýörite wagt kesgitläpdir. Her kimiň haýyşyny hut öz gulagy bilen diňläp, kanuna laýyk hököm çykarypdyr. «Döwletiň sütüni adalatdyr. Hökümdar adalatdan ýüz öwürse, raýatlar tagatdan ýüz öwrer» diýýän eken. Günleriň birinde onuň ogly Apbas eline tüýdük alyp, ýol boýy zoguldadyp, çalyp gelýän eken. Bir adam onuň öňünden çykypdyr-da, ur-tut Apbasyň elinden tüýdügini alyp, ony şarta iki bölüpdir. Kiçijik Apbas muňa öýkeläp, kakasynyň huzuryna barypdyr. Ýolda sataşan adamdan şikaýat edipdir. Hökümdaryň buýrugy bilen ol adam dessine köşge getirilipdir. «Tüýdügi döwen adam senmi?» diýip, Ahmet ibn Tulun ondan sorapdyr. «Elbetde, men» diýip, ol adam eda bilen başyny egipdir. «A sen onuň kimiňkidigini bilýärmiň?» diýende, «Elbetde, hökümdarym, ol siziň ogluňyz Apbasyň tüýdügi» diýipdir. Soltan bu jogaba gaharlanmandyr, ýöne geňirgenmek bilen sorapdyr: «Ýeri, mundan habarly bolsaň, ony meniň hormatym üçin bir sylaýmaly ekeniň» diýipdir. «Hökümdarym, çaga edebi bilen ezizdir. Onuň bolmasyz bir hereketine biperwaý garamak soňlugy bilen biabraýlyk getirer. Ýörär ýoluňdan aýrylmadyk üzüm çöpi, nemiň ýetmegi bilen kök urar we şaha ýaýradyp, seniň öňüňi beklär. Bu wagt göz ýumulan ownuk edepsizlik, soňlugy bilen uly düzgün bozmalara batyrynmagyna ýol açar. Apbas tüýdügini oňa muwapyk ýerde çalmalydy. Öten-geçeniň ýüzüne üfläp durmaly däldi. Köpüň oňlamajak, Hakyň halamajak işinden gaça durmaly» diýipdir. Bu sözler hökümdara ýarapdyr: «Edebe sygmaýan zady gören ýeriňde derhal düzelt, arkaňda men duraryn» diýip, gaýta ol adama hoşallyk bildiripdir.

## 16. HAK IŞ BILEN ALDASYN

Taryhda ýaşan türkmen begleriniň biri Muzaffareddin Gökböri jomartlykda we sahawatlylykda juda adygan eken. Ol her ýylda birnäçe guly ýa-da bendi-ýesiri hojaýynyndan satyn alyp, erkinlige çykarar eken. Muzaffareddiniň öz howlusynda hem köpsanly hyzmatkär bolupdyr. Şolaryň arasynda haýsysy haýyr işi köp edip, tagat-parzyny birkemsiz berjaý etse, Muzaffareddin olary hem azatlyga goýberer eken. Munuň şeýledigini bilen hyzmatkärleriň köpüsi, il gözüne namaz okamaga başlapdyr. Bäş wagtyna eglip-galyp, parz-nepil ýerine ýetirip, begiň ünsüne ilmegi başarypdyr. Beg hem olary öňki endigine görä erkinlige goýberipdir. Muzaffareddiniň birnäçe ýoldaşy hyzmatkärleriň şeýtmek bilen ony aldaýandygyny, bu diňe azatlyga gowuşmak üçin hile bolup durýandygyny ýaňzydypdyr. Muzaffareddin muňa darykmandyr: «Goý, Taňry bendesi bizi aldasa-da, hak iş bilen aldasyn» diýip, jogap beripdir.

## 17. EDEBI BOZULYP UGRASA...

Türkmen soltanlarynyň biri ogluny terbiýelemek üçin tanymal atabegiň eline beripdir. Bir gün ogly mekdepden öýüne dolanyp gelende, hökümdaryň onuň ýüzünde gyzaryp duran şarpyk yzlaryna gözi düşüpdir. «Kim seni bu hala saldy?» diýip, hökümdar oglundan sorapdyr. «Atabegim» diýip, oglanjyk jogap beripdir. Hökümdar derrew oglunyň mugallymyny getirmeklerini buýrupdyr. Atabeg huzuryna gelende, hökümdar onuň bilen mesawy söhbede başlapdyr. Saçak başynda bile oturyp, iýip-içipdirler. Soňra köşgüň howlusyndaky bossanlyga gezim edipdirler. Şonda hökümdar atabege ýüzlenip: «Şu gün oglumyň ýüzünde mazaly düşen şarpyk yzlaryna gözüm kaklyşdy. Oglumyň özüni alyp barşy nähili?» diýip sorapdyr. Atabeg: «Hökümdarym, ol meniň buýruklaryma boýun sunmady we maňa gödek sözler bilen ýüzlendi. Men hem gaharyma bäs edip bilmän, ýüzüne şarpyk çalanymy duýman galypdyryn» diýip, müýnli we özürli ýüzüni aşak salypdyr. Hökümdaryň ogluna gahary gelipdir: «Eger mugallymynyň diýenini etmeýän bolsa, urmak beýle-de dursun, ganyna galsaňam,

adyňa zat diýmerin. Edebi bozuk bolanyndan, goý onuň barlygyndan tamamyz üzük bolsun» diýip, atabegiň bu çäresini makullaýjylyk bilen kabul edipdir.

## 18. GUDAÇYLYK GEŇEŞI

Merwiň kazysy Nuh ibn Merýemiň ýaşy ýeten uly gyzy bar eken-de, onuň üçin gudaçylyga gelýänleriň haýsy biriniň sözüni kabul etjegini bilmeýän eken. Ol ahyry bu mesele bilen özüniň jöhit goňşusyna sala salypdyr. Goňşusy muňa ör-gökden gelipdir: «Ähli mähelle senden maslahat soraýar, saňa geňeş edýär, sen bolsa bu mesele bilen maňa ýüz tutýarsyň» diýipdir. Nuh kazy hem öz diýenine tutupdyr: «Ýakyn goňşymyň maslahaty göwnüme jaý görünýär. Sen maňa hökman salgy bermelisiň» diýipdir. Jöhit goňşusy: «Parslaryň patyşasy Kesra baýlygyna seredip saýlaýardy. Rumlaryň hökümdary Kaýsar gözelligine seredip saýlaýardy. Araplaryň hökümdary ata-baba aslyna seredip saýlaýardy. Siziň hökümdaryňyz adamkärçiligine we arassalygyna seredip saýlaýardy. Sen bularyň haýsyna eýerýän bolsaň, şoňa görä hem saýlaber» diýipdir.

## 19. TERBIÝE

Bir gezek Ybraýym as-Sulydan: «Sen munça edep-terbiýäni kimden öwrendiň?» diýip sorapdyrlar. Ybraýym: «Öz-özüm öwrendim» diýip, jogap beripdir. «Heý-de, terbiýe diýilýän zady biri öwretmese, öz-özüňden öwrenip bolýarmy?» diýip, adamlar geň galyjylyk nazary bilen bakypdyrlar. «Kimde gowy häsiýet görsem, özümde terbiýeledim, özleşdirdim. Halamadyk zatlarymy inkär etdim, gaça durdum. Ine, şeýdibem özümi terbiýeledim. Her bir işde halypadan ýa ussatdan öňürti özüňde höwesiň bolmagy has zerur» diýip, as-Suly jogap beripdir.

## 20. TÜRKAN HATYNYŇ GYZYNA NESIHATY

Türkan hatyn durmuşa çykjak gyzyny ýanyna çagyryp, oňa şeýle pent edipdir: «Menden on häsiýeti nusga al, saňa hem hazyna, hem

abraý bolar. Ýanýoldaşyňa sabyr we kanagat bilen höwür bol, sözlerini ýagşy diňle we islegini ýerine ýetir. Gözüne we burnuna esewan et: hapa-hapysa zada gözi düşmesin we üstüňden diňe hoşboý ys alsyn. Göwnünden turmak üçin özüňe serenjam bermegi unutma. Suw (tämizlik) bilen sürme (gözellik) iň eý görülýän zatdyr. Ajygan wagty, naharyny gijikdirme. Ukuda ýatan wagty rahatlygyny bozma. Çünki açlyk howry ýakyjydyr, bozulan ýa birahat uky bolsa ömri tutuksy edýändir. Öýüne we baýlygyna eýeçilik gözi bilen gara. Özüne we kowum-garyndaşlaryna hormat-sylag bilen bak. Hergiz syryny ile paş etme we diýeninden çykma. Gamgyn wagty, ýanynda gülüp, bälçiräp oturma ýa-da begençli wagty, ýüzüňi salyp oturma. Sen ony näçe beýik görseň, sylasaň, ol hem seni şol gadar ezizlär. Sen ne gadar onuň göwnünden tursaň, ol hem şol derejede seni ýanyndan goýmaz. Onuň göwnüni öz göwnüňden beýik tutmasaň, onuň islegini öz islegiňden ileri tutmasaň, ýanýoldaşyň söýgüsini gazanyp bilmersiň. Onuň halan zadyny söý we halamadyk zadyny ýigren. Şonda Alla size her zadyň haýyrlysyny miýesser eder».

## 21. DEŇ BOLMA, BEÝIK BOL!

Seljuk hökümdary Soltan Sanjar geçirimlilikde juda adygan eken. Bir gün wezir-wekilleri we nökerleri bilen bir obanyň deňesinden geçip barýarka, ýaşaýjylaryň biri soltana gödek sözler bilen ýüzlenipdir. Nökerler salymyny bermän, ýaňky şyltakçynyň goluny gandallap, soltanyň ýanyna getiripdirler. «Muňa degmäň, elini çözüň we öz ýoluna goýberiň. Goý, diýesi gelen zadyny diýip, içini sowatsyn. Göwnünde arman galmasyn» diýip, soltan parahatlyk bilen buýruk beripdir. «..Emma, hökümdarymyz, bu siziň şanyňyza dil ýetirdi ahyry.. edepsizlige eglişik etmek, bigadyra ýagşylyk etmek, şor ýere tohum sepmekdir. Yhlasyňyz yrýa bolmakdan başga hiç zat gazanyp bilmersiňiz» diýşip, wezir-wekiller soltana gylaw bermäge çalşypdyr. «Bendesiniň dil uzadany bilen ynsanyň mertebesi peselmez. Deň bolmaly däl, beýik bolmaly. Geçirimlilik bilen, iň möhüm zat – ömrüň berekedi gazanylýandyr» diýip, soltan jogap beripdir.

## 22. ARKASYNDA ADAM BOLANYŇ...

Pirlik ýolunda uly keramata ulaşan Sarahs babanyň birnäçe şägirdi bar eken. Şolaryň arasynda iki sanysy ylym-bilim, düşbülik babatda beýlekilerden has-da tapawutlanypdyr. Bir gün pir şägirtleriniň öwrenen zadyna amal edişlerini we ynamlaryny synamak maksady bilen, ýaňky ikisini uzak ýola sapar-syýahata ugradypdyr. Ençeme aýdan soň şägirtler sag-salamat öz illerine – piriň huzuryna dolanyp gelipdirler. Olaryň biri öňküsinden-de ýigdelen ýaly juda gujurly we dogumly, beýlekisi bolsa nämedir bir zada akyl ýetirip bilmeýän ýaly ünjüli eken. Pir şägirtleriniň habaryny sorapdyr. Munça wagtyň dowamynda gören-eşidenleri, başdan geçirenleri, öwrenen we özleşdiren zatlary hakda öz dillerinden eşitmek isläpdir, ýogsa bu zatlaryň ählisi pire owaldanam aýan eken. Birinji şägirt ähli zadyň şowly bolandygyny, dünýäniň pynhanlyklaryna we gözelliklerine nazar salyp, her zatdan ybrat alandygyny, örän köp zat öwrenendigini, iň esasy zat hem ähli işleriň duýdansyz ýüze çykýan bir sebäp bilen öz-özünden ugrugyp gidendigini gürrüň beripdir. Beýleki ýigit bu hörpden gopmandyr. Adaty adamlar ýaly kynçylyklara gabat gelendigini, gaýta her gezek «Arkamda pir atam bar» diýip, işe başlan pursady, oslanmaýan bir sebäp bilen işiniň paşman galandygyny aýdypdyr. Pir bularyň söhbedini diňländen soň: «Bu hut şeýle-de bolmaly» diýip, öz netijesini, pikirini ýaňzydypdyr. Şägirtleriň ikisi hem geňirgenmek bilen ussadynyň ýüzüne bakypdyr. «Arkamda adam bar diýýäniň, garşysynda hem bir adam peýda bolar, emma arkamda Alla bar diýýäniň öňüni hiç kim bökdäp bilmez. Siziň biriňiz haka tówekgellik edipsiňiz, beýlekiňiz adama. Netijesi hem hökman bolaýmaly zat bilen jemlenipdir, bu ýerde başga syr ýok» diýip, Sarahs baba düşündiripdir. Bu hikmet şägirtlere ýene bir durmuş sapagy bolupdyr.

## 23. WATAN SÖÝGÜSI

Ýat illere ýesir düşen memluk türkmenleriniň biri hökümdaryň janpenasy hökmünde hyzmata alnypdyr. Bu ýigidiň wepalylygy,

çalasyn-çeýeligi, işine erjelligi hökümdaryň hoşuna gelipdir. Ony elmydama ýanyndan goýmandyr. Ýöne gün geçdigiçe bu ýigidiň meňzi saralyp, bitap bolup barýandygy hökümdaryň nazaryndan sowa düşmändir. Ýigidiň özünden habar alsa, ol kesgitli jogap bermändir. Onsoň hökümdar bialaç ýurduň ökde tebiplerini çagyryp, özüniň wepaly esgerini bejermeklerini talap edipdir. Lukmanlar ýigidiň ýüzüne seredip, derrew bir netijä gelipdirler: «Onuň bu derdi kimdir birini ýürekden küýseýändigini aňladýar». Şeýdip, köne edähede görä, yşka düşen bu ýigidiň damar urgularyna barmak goýup, şol jelegaýda bar bolan gyzlaryň adyny birin-birin agzap başlapdyrlar, emma ýürek joşgunly urmandyr. Ahyry türkmen gyzlarynyň adyny sanap ugrapdyrlar, emma netije üýtgemändir. Tebipleriň biri «Aslynda bu ýigit nireli?» diýip soranda, onuň türkmen illerinden ýesir edilip getirilen guldugyny, memlukdygyny aýdypdyrlar. Tebip: «Düşnükli, diýmek bu Watanyny küýseýän bolmaly» diýipdir. «Watan» sözüni eşiden ýigidiň süňňüne gujur aralaşyp, damar urgusy batlanyp ugrapdyr. Şeýdip onuň öz Watanyny, ilini küýseýändigini bilipdirler. Bu waka taryh kitaplaryna siňen türkmeniň watansöýerligi hakdaky dessanlaryň üstüni ýetiripdir.

## 24. MAZASYZ UKYNYŇ SEBÄBI

Hindistandaky türkmen soltanlarynyň biri birnäçe günläp diýen ýaly uzak gije uklap bilmändir. Ýatyp karary bolmandyr. Nähilidir bir güýç ony deňze tarap çekip duranmyşyn. Ahyry ol deňiz begleriniň birini ýanyna çagyryp, deňze aýlanmaklaryny we şu tarapda näme habaryň barlygyny bilmegini tabşyrypdyr. Özi bolsa otagynda töweregi synlamaga durupdyr. Deňiz begi esgerlerine gämini taýýarlamagy we ýörişe-aňtawa çykmagy buýrupdyr.

Ertesi irden soltan töwerege aýlanmaga çykanda, öten gije ugradan gämisiniň kenarda durandygyna gözi düşüpdir. Ol deňiz harby serkerdesini ýanyna çagyryp, näme üçin tabşyrygy ýerine ýetirmändigini sorapdyr. Serkerde deňze çykandyklaryny we tüm gijäniň içinde deňziň ortasyna aralaşandygyny, şol ýerde hem gark bolup

barýan bir bendäni halas edendiklerini aýdypdyr. «Olaryň taýmyly mundan birnäçe gün öň gark bolupdyr. Bu bende bolsa soňky deminde ýatyrka, dadyna ýetişdik» diýipdir. Soltan halas edilen adamyň ýanyna baryp, onuň ýagdaýy bilen gyzyklanypdyr. Gark bolanlary bäri umytdan düşmän, Taňrydan ýardam diländigini we bir halasgär ibermegini sorandygyny aýdypdyr. Soltan hem näme sebäpli şol günden bäri ukusynyň gaçandygyna düşünipdir.

## 25. IBN TULUN WE HAMMAL

Günleriň birinde egninde sandyk göterip barýan bir hammala Ibn Tulunyň gözi kaklyşypdyr. Hammal agyr ýüküň astynda sandyrap, gagşyldap barýarmyşyn. Onuň bu bolup barşy Ibn Tulunda ikirjiňlenme döredipdir. «Eger ýüküň agyrlygyndan ýaňa aýagy tap etmeýär diýsek, onda sandygyň agyrlygy onuň boýnunda yz galdyrardy, emma onuň boýny öňki reňňinde. Bu ýerde bir syr-a bar. Hammal göterip barýan zadyndan howatyr edip, sandyraýan bolmaly» diýipdir. Soňra nökerlerine şol hammaly getirmeklerini we sandygy açmaklaryny buýrupdyr. Görseler, sandygyň içinde atyň şaý-esbaby bilen zer sowut hem-de birnäçe tylla teňňeler bar eken. «Sen näme howanyň alaçag wagty gyş aňzagyna uçran bende ýaly bolup, sandyrap gelýäň» diýipdir. «Hökümdarym, günämi ötüň, meniň göterip barýan bu altyn şaý-seplerim ogurlyk baýlyk bolmaly. Dört sany adam elime pul berip, şuny gämi duralgasyna eltmegimi tabşyrdy. Ogurlyk zatdygyny, hiç kime duýdurmaly däldigimi aýdanlarynda bolsa, süňňüm sandyrap başlady. Ýöne, güzeran ýagdaýym agyr bolansoň, mejbury boýun boldum» diýipdir. Ibn Tulun bu etmişi üçin hammalyň arkasyna iki ýüz gamçy urmagy buýrupdyr. Dört sany ogryny bolsa zyndana taşladypdyr.

## 26. ÝATKEŞLIK

Taryh kitaplarynda şeýle hakykat öwran-öwran teswirlenýär. Bir mejlisde gürrüňden gürrüň çykyp, Ymam Şapygy hakda söz açylypdyr. Şonda alymlaryň biri Ymam Şapygynyň ýatkeşligine haýran

galypdyr. Sebäbi Ymam Şapygy üç müň jilt kitaby ýatdan bilýän eken. Adamlar Ymam Şapygy hakda eşiden gürrüňlerini ýatlap, ony öwüp, taryplamaga başlapdyrlar. Şol wagt çüňkde oturan, ýönekeý geýimli biri: «Ol meniň ýadymdaky kitaplaryň diňe zekat bölegini bilýän eken» diýipdir. Mejlisde oturan adamlar muňa haýran galypdyrlar. Hiç kim bu ýigidiň sözüni inkär edip bilmändir. Ol ýigit Ahmet as-Sarahsy eken. Ol şol wagt on dört müň jilt eseri ýatdan bilipdir. Ine, türkmeniň ussatlygy şeýle bolýar.

## 27. KÜŞDÜŇ GÖZELLIGI

As-Sulynyň döredijilik işi halyf ar-Razynyň döwründe has rowaçlanýar. Taryhçy Mesgudy gyzykly bir maglumaty berýär: «Günlerde bir gün halyf ar-Razy awa-şikara çykanda bir gülzarlygyň üstünden barýar. Täsin öwsüp duran güller halyfyň kalbyny heýjana salýar. Ol ýanyndaky adamlaryndan: «Heý, şundan gözel zady ozal görüpmidiňiz?» diýip sorapdyr. Olar hem gülzarlygy biri-birinden beýik taryp etmäge, halyfyň göwnünden turmaga jan edipdirler: «Dünýäniň ähli gülleri jem bolsa hem, munça gözellik emele gelmezdi», «Megerem, bu behişdiň kokusy», «Gözelligiň asyl gönezligi şu meýdandyr» diýipdirler. Emma halyf ar-Razy başyny ýaýkapdyr: «Ýok, siz her näme diýseňizem, meniň diýjegimden juda bärden gaýdýar. As-Sulynyň oýunlary mundan we siziň ähli wasplaryňyzdan has owadan görünýär» diýipdir.

## 28. FARABYNYŇ GUDRATLY SAZY

Ibn Hallikanyň «Tanymallaryň wepaty we döwürdeşleriň söhbedi» atly eserinde ýatlamagyna görä, «Faraby öz döwrüniň hökümdarlarynyň biri Seýfeddöwläniň huzuryna barýar. Birnäçe wakalardan we geň galmalardan soňra, al-Faraba göwni ýeten Seýfeddöwle sarpaly myhmanyndan göwün küýsegini soraýar. Faraby aýdym-saza suwsandygyny aýdansoň, Seýfeddöwle özüniň iň ussat sazandalaryny çagyrypdyr. Ýöne, olaryň haýsy biri saza başladygy,

Faraby onuň nogsanlygyny aýdyp otyrmyşyn. Seýfeddöwle muňa geň galyp: «Halypamyz, sen mundan hem baş çykarýarmyň?» diýip soraýar. Faraby «hawa» diýip, baş atansoň, ýanyndaky goştorbasyndan saz guralyny çykaryp, saz çalyp berýär welin, oturan märekäniň ählisi aglaşyp-eňreşip, gözýaş döküp otyrmyşyn. Soň saz guralyny täzeden düzüp, başga bir sazy çalypdyr welin, ýaňky aglaşyp oturanlar gülşüp, şadyýan bolşup otyrlar diýýär. Faraby sazyny üçünji ýola düzüp, täze bir mukamy çalanda, ol ýerde oturanlaryň ählisi, çuňňur uka batyp galypdyr. Farabynyň özi bolsa, olaryň hiç birini oýatman daşary çykypdyr...». Rowaýata meňzeş bu ýagdaý Farabynyň döwürdeşleri we ondan soňky alymlar tarapyndan köpsanly eserlere girizilipdir.

## 29. BILMEK BILMEZLIKDEN HAÝYRLY...

Abu Reýhanyň ylyma berlenligi hakda rowaýatlar örän kän. Bir gezek ol agyr ýarawsyz ýatyrka dostlarynyň biri halyny soramaga gelipdir. Sähel mejaly bolan Biruny ondan bir mesele hakda sorapdyr. Ol adam: «Haly teň ýagdaýda ýatyrsyň, bu wagt ylym bilen meşgullanmak hökmanmy?» diýip sorapdyr. Biruny oňa «Men bu dünýäden şuny bilmän gidenimden bilip gidenim haýyrly dälmi näme?» diýip sorapdyr. Soňra ikisi bu meseläniň üstünde dürli pikir alşypdyrlar. Ahyry Biruny kanagatlanarly jogap tapypdyr. Ol adam çykyp gaýdýar we ýolda gelýärkä hem Birunynyň dünýäden ötendigi hakdaky habary eşidip galýar.

## 30. «BU ABU BEKR HOREZMIDIR...»

Abu Bekr Horezmi şygyr düzmekligiň ussady bolupdyr. Ol bir gezek şol döwrüň abraýly weziri, ussat we dilewar şahyr Sahyp ibn Abbadyň huzuryna goşgy okamaga barypdyr. Abu Bekr derweze sakçysyna: «Bar-da wezire aýt, goşgy okamaga geldim» diýipdir. Derwezeban bu habary Sahyp ibn Abbada mälim edipdir. Sahyp oňa: «Bar-da şol gapyda durana aýt, meniň ýanyma her dürli şahyr gelip gitdi. Ýöne indi men arap şahyrlaryndan 20 000 (ýigrimi müň) beýt

goşgyny ýatdan bilmeýän adamy kabul edemok» diýipdir. Derwezeban bu sözleri Abu Bekre ýetiripdir. Abu Bekr Horezmi derwezebana: «Bar-da weziriňden sora, şol ýigrimi müň beýt goşgy arabyň erkek şahyryndan gerekmi ýa-da aýal şahyryndan?» diýipdir. Derwezeban ýene Sahybyň ýanyna ýumlugypdyr. Sahyp bu sözleri diňläninden: «Gapynyň agzynda duran Abu Bekr Horezmi bolmaly, goýberiň ony bärik» diýip, oňa rugsat beripdir.

## 31. HERSINDEN ON ESSE

Ussat kätip, wezir Reşideddin Watwat örän dilewar we şerebeli sözleri bilen söhbetdeşini dymmaga mejbur edýän ekeni. Bir gezek Horezmşa Atsyz ýanynyň wezir-wekilleri, nökerleri bilen çarbagda gezim edip ýörkä, bir zada göwni göterilipdir-de, Watwata ýüzlenip: «Şu wagt bendesiniň berip bilýän zatlaryndan göwnüň halanyny isle, sen näme isleseň, men hem şonuň on essesini islejek» diýipdir. Reşideddin Watwat: «Şany beýik şahym, dereje-mertebäňiz meniňkiden müň mertebe ýokary bolsa-da, meniň isleýän zadymy islemäge gaýratyňyz çatmaz» diýipdir. Hökümdar «Şu gezeg-ä seni tutsam gerek» diýip, içinden pikir öwrüpdir-de: «Meýliň bolan zady, isleýän zadyňy derhal gaşyňda häzir ederin, soraber» diýipdir. Watwat hökümdara garap: «Şu wagt men-ä ýagyrnyma ýüz gamçy urulmagyny isleýärin, senem şonuň on essesini alaý onda» diýip, jogap beripdir. Horezmşa Atsyz bu islege näme diýjegini bilmändir we bu gezek hem Watwatdan asgyn gelendigini boýun alypdyr.

## 32. ÜSTÜNLIGIŇ SYRY

Kämillik ýoluna höwesek talyplaryň biri Abu Sagyt Mäne babanyň huzuryna baryp, ondan üstünligiň syry hakda sorapdyr. Mäne baba birsellem içini hümledip oturypdyr-da: «Sen gowusy indiki hepde aýlan, oňa çenli üstünlige eltýän iň ygtybarly ýoluň nämedigini anyk bilip goýaryn» diýipdir. Aýdylan hepdesi ýaş ýigit piriň öýüne gelipdir, emma Mäne babany tapmandyr. «Ol az salym mundan öň

pylan tarapa rowana boldy. Siz bu gün gijä galdyňyz, indiki hepde irräkden aýlanyp görüň, ol wagta çenli ussadymyz yzyna dolanar» diýip, piriň şägirtleriniň biri dillenipdir. Üstünligiň ygtybarly ýoluny bilmek höwesi ýaş ýigidi erkine goýmandyr. Garaşmak hernäçe kyn bolsa-da, sabyr-takat edip, ýene bir hepdesini geçiripdir. Bu gezegem gijä galaýmaýyn diýip, daň tilkiguýruk bolandan ýola düşüpdir. Piriň howlusynda hälki şägirtleriň biri muny garşylapdyr: «Siz bu gün gaty irläpsiňiz. Ýöne barybir pire ulaşmak miýesser etmese gerek, ol şu säherden başlap kyrk günlük çillesine oturdy. Şol möhletden soňra aýlanyň, belki hajatyňyz hasyl bolar» diýipdir. Ýaş ýigidiň bu sözlere damary dartylypdyr, seňrigini ýygrypdyr, emma gaharyny ýuwdup saklanypdyr. «Horasanyň at-owazaly pirinden bilmek isledim, bary-ýogy kelam agyz söz, bilýän adam üstünligiň syryny bir demde hem aýdyp biler, emma munça wagt yza çekdirmegiň haýry nämedekä?» diýip, içini gepledipdir. «Her zatda haýyr bar, munça bolanyna görä, ýene bir pille sabyr edeýin, piriň keramatly agzyndan eşitmek ak pata alan ýaly bolar» diýip, ýaş ýigit mejbury yzyna dolanypdyr. Arasynda mahal-mahal bu pikirinden, maksat-matlabyndan däneýin hem diýipdir, emma bir başlan işini orta ýolda bes etmek islemänsoň, kyrk günden soňra gaýtadan Mäne babanyň huzuryna dolanypdyr. Peşeneli pir bu ýigidi güler ýüz bilen garşylapdyr. «Oglum, üstünlige eltýän iň ygtybarly ýoluň nämedigini özüň bilýärkäň, özgelerden soramak zerur däldir. Sen şunça wagtlap bir pikiriň, bir hyýalyň yzynda göwnüňi bölmän ylgadyň, yhlas etdiň, garaşdyň. Üstünligiň syrynyň nämelerden ybaratdygyna jogap agtardyň. Ahyry hem maksadyňa ýetdiň. Üstünligiň syry – öňde goýan maksadyňa erjellik bilen ýapyşmak, yzygiderli, dowamly bolmak, belent maksadyňy ownuk-uşak aladalardan ýokarda goýup bilmekdir. Eger-de öňüňde maksat goýup, bizi görmek üçin eden yhlasyň mukdarynda şol ugurda der dökseň, hökman maksadyňa ýetersiň. Ynha, üstünligiň bar syry şundan ybarat: aýdyň maksat, erjellik, dowamlylyk we yzygiderlilik» diýip, Mäne baba jogap beripdir.

## 33. ÝAGŞYLYGYŇ AÇARY

Mahmyt Gaznaly özüniň eý görýän akylly wezirleriniň birini ýanyna çagyryp: «Göwnüm joşup duran mahaly, haýyşyň, hajatyň bar bolsa, sora» diýipdir. «Soltanym, seniň husytlygyňdan howatyr, baýlygyňdan tama edemok. Siziň saýaňyzda şu günüm düýnümden has gowy, ertirimiň bu günümden has ajap boljakdygyna umyt edýärin. Hiç hili üýtgeşik hyzmat görkezmezden şeýle derejelere ulaşmagym, siziň huzuryňyzda peýda bolmagymyň özi uly zat. Eger-de buýrugyňyza boýun sunup, nämedir bir zady soramaly bolsam, onda siziň hyzmatyňyzdaky bu biçäre bendäňize söýgi-mähir bilen bakmagyňyzy we ynanmagyňyzy sorardym!» diýipdir. «Mähir we ynam baýlyk däl, «al» diýip, bagyş eder ýaly; ol dereje-wezipe hem däl, soltan tarapyndan paýlanar ýaly; mähir-muhabbet, ynam, ygrar diňe gowy zatlara sebäp bolmak bilen gazanylýar» diýip, soltan dillenipdir. «Onda şeýle gowy zatlara sebäp bolmagym üçin siz mümkinçilik dörediň» diýip, wezir salyhatlylyk bilen dillenipdir. «Sen näme üçin egsilmez baýlyk, mal-mülk diläp bilýärkäň, bir adamyň ynamyny ileri tutduň?» diýip, Mahmyt Gaznaly wezirinden sorapdyr. «Çünki ähli haýryň, gowulygyň gözbaşynda ynam we söýgi ýatyr. Ol ýagşylyklaryň açary we ýamanlyklaryň öňüni baglaýjydyr» diýip, akylly wezir jogap beripdir.

## 34. SUWUNY IÇÝÄNÇÄ...

Zenzelesi, gopguny bilen birnäçe güne çeken agyr söweşleriň birinde Horezmşanyň atly serkerdeleriniň biri duşman tarapa ýesir düşüpdir. Endam-jany tagna yzlaryndan dolan harbynyň teşnelikden ýaňa dodaklary kepäp giden eken. Bu ýesiri şanyň huzuryna getiripdirler. Öz ýurdunyň habaryny, syryny biljek bolup, hernäçe şatylara duçar etselerem, ol asla dil ýarmandyr. Şa onuň egbarlan halyny görüpdir, emma özleriniňkiler hakda dil ýarmasa, jezalandyrjakdygyny aýdyp: «Ýesiriň eňki agyp gidipdir. Oňa içimlik suw beriň. Şo suwy içýänçä, janyna degmäň. Soňuny özünden görsün» diýipdir.



Ýesir özüne uzadylan suwly küýzäni içmändir-de, ýere pylçap urupdyr. Şanyň muňa gahary gelipdir: «Alyň-da, jähenneme ýollaň» diýip, emr edipdir. «Eý mürewwetli şa, siz meniň janyma aman berdiňiz ahyry, indem sözüňizden dänjek bolýaňyzmy? Heý-de bu häsiýet şalara gelşermi?» diýip, ýesir nazaryny şanyň gözüne dikanlapdyr. «Haçan saňa aman beripdirin?» diýip, şa başyny ýerden galdyrypdyr. «Şo suwy içýänçä, janyna degmäň» diýdiňiz, emma men heniz ol suwy içemok» diýip, ýesir aýdypdyr. Şa ýesiriň bu mekirligine güljeginem, gaharlanjagynam bilmändir. Ony boşadyp goýberipdir.

## 35. ŞYGYRDAN TÄSIRLI JÜMLELER

Soltan Sanjaryň köşgi edebiýat meýdanynyň ägirtleri bilen hemişe dolup-daşar ekeni. Alys ülkelerden hem onuň şanyna goşgy okamak üçin huzuryna geler ekenler. Şeýle günleriň birinde çetki obalardan bir ýaşuly adam soltanyň myhmany bolupdyr. Köşgüň içi tanymal söz ussatlaryndan ýaňa hyň berýän eken. Özleriniň goşgy-gazallary bilen soltanyň alkyşyna eýe bolup, şöhrata öwrenişen şahyrlar bu obaly ýaşula kän pisint etmändirler. Emma soltanyň edähedi şeýle: ýüreginde joşgun ýa umyt bolan raýatyny hergiz lapykeç goýbermez eken. Ýaşulynyň okan goşgusynda bogun-kapyýa, tagam-dat bolmasa-da, soltan onuň yhlasyny boş goýmak islemändir: «Ajaýyp setirleriňiz bar, kä ýerinde sözüň ýöntemligi şygryň tagamyny gaçyrsa-da, onuň ýürekden çykýandygy şygra öwüşgin berýär. Hany aýt, bu goşgyň üçin seň hormatyňa laýyk peşgeş bereýinmi ýa-da meň hormatyma laýyk?» diýipdir. Ýaşuly: «Soltanymyz, öz hormatyma laýyk eçiliň» diýipdir. Soltan muny dessine ýerine ýetirmeklerini buýrupdyr. «Ejaza berlen wagty, näme üçin meň hormatyma laýyk dilemediň, has köpüsini gazanyp bilerdiň?!» diýip, soltan obaly ýaşula bakypdyr. «Soltanymyz, siziň hormatyňyza laýyk hem diläp bilerdim, ýöne oňa barabar zadyň dünýäde ýokdugyna aklym çatansoň, özüme laýygyny diledim. Dünýäniň barça mal-mülki, genji-käni jem bolanda hem siziň hormatyňyzyň ýanynda peşeçe bolmazdy» diýip, ýaşuly jogap

beripdir. Bu sözler soltanyň hoşuna gelipdir. «Ýerinde jaýdar aýdylan owadan söz müňlerçe şygyrdan täsirli ýaňlanýar» diýip, soltan onuň engamyny ýene-de artdyrmaklaryny buýrupdyr.

## 36. WATAN TOPRAGY

Soltan Jelaleddin söweşip ýörkä, agyr ýaralanypdyr. Öňler dessine aýak üstüne galyp, sagalyp gidýän Jelaleddiniň tenine düşen tagna yzlarynyň bitmesi kyn bolupdyr. Tebipdir lukmanlar dürli-dümen melhem ulanyp görüpdirler, emma netije bermändir. Ahyry soltanyň özi: «Maňa Horezmiň gumuny we Jeýhunyň suwuny getiriň. Watan topragy ähli derde derman, iň agyr ýara melhemdir» diýipdir. Aýdyşy ýaly, Watan topragyny ysgap, suwuny içenden soňra, soltanyň ýagdaýy görnetin gowulanyp başlapdyr. Tiz wagtdan hem derdinden gutulyp, aman-sag aýak üstüne galypdyr.

## 37. EÝ GÖRÜLÝÄN EDEP

Abdylla ibn Mübärek hezretleri köpçülik bolup namaz okanyndan soňra, dessine kitap-depderlerine meşgul bolýan eken. Bir gezek meşhur sopy alymlaryň biri Şakyk ibn Ibrahim: «Namazy bile okaýaňyz, gowy zat welin, dessine turup gitmegiňiz bolanok-da, oturyp, özara gürrüň etmegem bolar-a» diýipdir. «Men hem hut şeýle edýän-dä, sahabalar, öňki alymlar bilen oturyp, mesawy we ylmy gürrüň edýärin, pikir alyşýaryn» diýip, Abdylla ibn Mübärek dillenipdir. «Sahabalardyr öten alymlar bu ýerde neneňsi peýda bolýar?» diýip, Şakyk sorapdyr. «Olaryň kitaplaryny okaýaryn, olar hakda ýazylan taryhy gaýta-gaýta gözden geçirýärin. Şolar deýin amal etmäge çalyşýaryn. Şeýdip, olaryň dünýäsine gatylýaryn. A siz bolsa, namaz dynan dessine dünýä söhbedine gyzygyp, Taňry bendesiniň gybatyny edýärsiňiz, üstünden düşýärsiňiz. Ähmiýetli zatlara ýapyşyp, manysyz, peýdasyz zatlary terk etmeklik iň eý görülýän edepdir» diýip, Abdylla hezretleri jogap beripdir.

## 38. KÖŇÜLLERIŇ SOLTANY

Möminleriň emiri, halyf Harun ar-Reşit Rakka şäherinde eken. Bir gezek Abdylla ibn Mübäregiň ýoly hem şol şäherden düşüpdir. Agyr mähelle ussat alymyň degre-daşyny gurşapdyr. Atlaryň toýnagyndan göterilýän toz asmana ýetipdir. Her kim bu ussada bir ädim golaý durup bilse, donunyň syýyna el degrip bilse, özüni hoşbagt saýýan eken. Daşarda bolýan bu wakany köşgüň hüjresinden synlap duran, möminleriň emiriniň ejesi ýanyndaky hyzmatkärlerinden bu adamyň kimdigini sorapdyr. «Ol Horasandan, Merwden gelen ussat alym, adama mahsus ähli kämil häsiýetleri özünde jemlän akyldar Abdylla ibn Mübärek» diýip, jogap beripdirler. «Ine, hakyky hökümdar şeýle bolmaly. Ýarag bilen ýurtlary däl-de, paýhas bilen ýürekleri eýeläp bilýän adam hakyky soltandyr» diýip, halyfyň ejesi dillenipdir.

## 39. WEPALYLYK

Ajaýyp ylmy we edebi eserleri bilen adygan türkmen alymlarynyň biri Ibrahim as-Sulydan «Ynsanyň ýagşy gylyklydygyny neneňsi bilip bolýar?» diýip sorapdyrlar. Alym: «Bir adamyň wepalylygyny, sözünde tapylýandygyny, ýagşy gylyk-häsiýetlidigini, aslynyň arassa, zannynyň päkdigini bilmek isleseň, onuň Watanyny küýseýişine, Watana bolan söýgüsine seret. Eger ol adam dogan-garyndaşlaryny göresi gelýän bolsa, ata-babalarynyň geçmişine buýsanýan bolsa, onda bilgin, ol adam hakyky wepaly, kerem-ahlakly adamdyr» diýip, jogap beripdir. «Dogduk mekanyňa bolan söýgiň aslyň päkligine delil» diýip, sözüniň üstüni ýetiripdir.

## 40. AÝYBYŇ SÖHBEDI

Ylym dünýäsiniň meşhur gerçegi, akyldar, köp ugurlardan ussat alym Mahmyt Zamahşary öz eserlerinde şeýle wakany ýazýar: «Ençeme diýarlary, menzil-mekanlary sökdüm, ahyry adamlaryň hiç bir aýyp tapmaýan bir obasynyň bardygyny bildim. Ol obanyň goňşy-golamlar, alys-ýakynlar bilen gatnaşygy hem juda gowy eken.

Ahyry men şol oba göçüp bardym. Olaryň ýagşy edeplerinden görelde aldym. Bir mütdet aradan geçenden soňra, bu obada hem ol-bul obaň aýyby hakdaky gürrüňler örňäp ugrady. Bular bir iniň aýyby hakda dil açdymy, beýleki obalarda hem bu obanyň aýyby-nogsanlygy hakdaky gürrüňler ýel alyp ugrady. Ýene birnäçe wagtdan soňra bu obada özgäniň aýyby hakda asla gürrüňler edilmedi. Täsin ýeri, beýleki obalar hem bu obada aýyp bardyr öýtmediler. Men şonda şeýle bir netijä geldim: Kämil adam ýok, emma özgäň aýybyna dil uzatmasaň, hiç kimiň seniň aýybyň bilen işi ýok eken».

## 41. YBADATHON

Bir gezek meşhur sopy akyldarlaryň biri Mäne babanyň ýoly goňşy obanyň üstünden düşüpdir. «Hezreti pir, biziň obamyzda-da örän takwa we ybadathon biri bar. Gije-gündiz namaz okaýar, oraza tutýar. Ybadatdan aýrylanok» diýip, adamlar öz obadaşlary hakda biri-birinden öňürdip gürrüň bermäge durupdyrlar. Taňrynyň ybadatyna yhlasly bendesini görmek islegi Mäne babany onuň bosagasyndan eltipdir. «Tüweleme, ybadaty birkemsiz ýerine ýetirýändigiňi aýtdylar. Ýöne meni bir sowal gyzyklandyrýar. Gije-gündiz tagat-ybadata meşgul bolup otursaň, sen nädip eklenýäň? Gündelik rysgyňy, azyk-owkadyňy neneňsi gazanýaň?» diýipdir. «Meniň bir söwdagär agam bar, tüçjar baý, meni şol ekleýär. Tüweleme, zor ol, zada zar edenok, men bolsa diňe ybadata meşgul. Başga iş edemok» diýipdir. Mäne baba oňa: «Agaň senden has ybadathon eken. Uzak gün eglip-galmak ýa-da ýylboýy agyz beklemek Taňra gullugyň ýüzden birine barabar. Halal gazanç, maşgala eklemek bolsa, ybadatyň gylla ýarpysyna deňdir. Saňa-da maslahat, kär-hünär öwren we ybadaty zähmet bilen utgaşdyr» diýipdir.

## 42. BAŞLAN IŞIŇI TAŞLAMA...

On ýedi gezek uly ýöriş eden we ömründe bir ýola ýeňlip görmedik türkmen soltany Mahmyt Gaznalydan: «Bu üznüksiz üstünlikleriň

syry nämede? Älem döräli bäri Isgenderden soňra beýle mertebä sizden başga eýe bolan hiç kimse ýok» diýip sorapdyrlar. «Munuň üýtgeşik syry ýok. Öňümde aýdyň maksat goýanymdan soňra, men hemişe iki zada pugta eýerýärin. Birinjisi, hiç haçan biderek işleri etmeýärin we başlan işimi taşlamaýaryn. Bir başladymmy, soňuna çenli ýerine ýetirýärin. Ikinjisi, ähli ýerde, ähli halatda aýdýan sözüm bilen edýän amalymyň deň çykmagy üçin yhlas edýärin. Erjellik, tutanýerlilik we dogruçyllyk üstünligiň kepilidir. Şulara yzygiderli eýeren islendik adam üstünlikden binesip galmaz» diýip, soltan Mahmyt jogap beripdir.

## 43. HYRAT KÖPRÜSI

Seljuk hökümdarlarynyň biri soltan Sanjar wezir-wekilleri we nökerleri bilen Hyrat şäheriniň içinden geçip barýan eken. Olar awa-şikara çykmak üçin bir ekinzarlygyň gyrasynda düşläpdirler. Soltanyň nökerleriniň biri golaý-goltumdaky oba baryp, ol ýerde agaýana otlap ýören mallaryň birini alypdyr we dessine huruşlyk edinipdir. Mal eýesi garryja ene bu zatlary gyradan synlap duran eken. Ol soltana şikaýat etmek üçin derhal ýola düşýär we hökümdaryň geçjek köprüsiniň üstünde garaşyp oturyberýär. Bir haýukdan soňra soltan öz esgerleri we wekilleri bilen bu ýerde peýda bolupdyr. Garry ene soltanyň atynyň üzeňňisini çekipdir. Nökerler soltany penalamak üçin gamçylaryny ýokary bulaýlan mahaly, soltan olara saklanmagy buýurýar. «Sütem gören adam ýürekli bolýar», bir hikmeti bolmasa, beýle töwekgellik etmezdi. Onuň arzyny diňläliň!» diýip, soltan köşeşmegi tabşyrýar. «Eý, soltan, seniň nökerleriň gün-güzeranymy aýlap oturan ýekeje malymy menden bidin alyp, huruşlyk edindiler. Indi men bala-çagalarymy neneňsi ekläýin? Eger şolardan hakymy alyp bermeseň, seniň ýakaň owal-ahyr meniň elimde bolar. Sen Hyrat köprüsinden geçseňem, syrat köprüsinden geçip bilmersiň» diýipdir. Soltan bu sözleriň haýbatyndan elheder edip, derrew atyndan inipdir: «Mährem ene, duraweri, ol köprüde eglenmäge gaýratymyz

ýokdur. Kimiň sütem edenini aýt, men ondan hakyňy alyp bereýin» diýip, soltan garry enäniň öňünde dyz epipdir. Garry ene sütemkärini görkezensoň, soltan şol nökere mazaly temmi bermegi buýurýar. Garry eneden ötünç soraýar we oňa on baş maly bagyş edýär. Soňra eýesinden bidin özgäniň malyna el gatanyň jezasynyň agyr boljakdygy hakda perman çykarýar. Şeýdibem, ýönekeý ýaly görünýän, ýöne sogaby bihasap adyllygy hasyl edýär.

## 44. SÖZÜŇ TÄSIRI

Bir gezek ýaş zenanlaryň biri körpeje ogluny ýanyna alyp, Lukman Sarahsynyň bosagasyndan ätläpdir: «Lukman baba, oglumyň dişi agyrýar, bir em etseňiz ýa-da melhemini salgy berseňiz» diýipdir. Lukman Sarahsy bulary az salym synlanyndan soňra: «Ýene kyrk günden aýlanyň, oňa çenli zerur bolan ähli däri-dermanlary bilip goýaryn» diýipdir. Aýdylan möhlet geçensoň, ýaňky zenan körpejesi bilen ýene-de Lukman babanyň huzuryna gelipdir. «Çagaňyza süýji iýdirmäň. Onuň şu diş agyrysy diňe süýjini aşa köp iýmekden ýüze çykýar» diýipdir. Zenan bu sözlere geňirgenipdir: «Lukman baba, bu bir çylşyrymly em däl ýaly-la, emma kyrk gün garaşdyrman, soran badyma hem aýdyp bilerdiňiz ahyry» diýipdir. «Wah, keýgim, şol wagt meniň özüm agzymy dolduryp, süýji iýip otyrdym. Özüň bir zady edip otyrkaň, başga birine «şony etme!» diýseň, sözüň ynandyryjy bolanok. Adamlaryň köpüsi hem şundan ejir çekýär. Özgelere bir zady ündeýärler, ýöne özleri ýerine ýetirmeýärler. Sözümiň täsirli bolmagy üçin süýjiniň täsiri süňňümden çykýança, sizi mejbury kyrk gün garaşdyrmaly boldum» diýip, Lukman Sarahsy jogap beripdir.

## 45. TÖWELLA

Seljuklylar bilen gaznaly türkmenleriň arasyna tow düşensoň, soltan Togrulbeg Mäne babany Gazna illerine töwella ibermekçi bolupdyr. «Ählimiz bir türkmen. Bir döwlete sygnyp, agzybir ýaşasak,

aljak galamyz köp bolar» diýen many-mazmunda abaý-syýasat ýöretmegi tabşyrypdyr. «Muňa ýok diýiň, tagsyr, gaznalylar gaty öçlüdir. Hiç kim olaryň ýanyna barmaga het edenok. Bimany işe töwekgellik etmek, sag başyňy mübtela etmekdir, derde sokmakdyr. Ol ýere gitmeseňiz, gowy bolardy» diýşip, şägirtleri ýerli-ýerden dillenip, piri bu sapardan alyp galmakçy bolupdyrlar. «Bu düýbünden beýle däl» diýip, pir ardynjyrapdyr. «Ozaly bilen ähli zat Allanyň elinde, dolanyp gelsegem, orta ýolda galsagam, ählisi kysmatdyr. Onsoňam, Perwerdigär bir sebäp bilen ýola salsa, hötdesinden geljekdigimiz üçin salýandyr. Her kim «ol ýerleri erbet, adamlary ýaramaz» diýşip otursa we ol tarapa hiç kim aýagyny sekmese, olar şol bolşuna galmagy hem mümkin. Emma ýagşy niýet bilen ýola çyksaň, ýüregiňde diňe haýyrly niýetleri götерseň, açyk göwün bilen barsaň, olaryňam açyljakdygyna şübhe ýok. Çünki, ynsanyň ýagşy niýeti her baran ýerine teperrik bolup, şol ýerlere siňýär. Her ýagşy niýetli adamdan bereket we döwlet ýokýar. Enşalla, bu saparymyzda ýagşy niýetleri ýanymyza hemra edinip ýola düşeris we Gazna illeriniň salamy bilen dolanarys» diýip, Mäne baba dillenipdir. Saparyň netijesi hut şeýle-de bolupdyr.

## 46. NÄBELLI ESGER

Ýemineddöwle Soltan Mahmyt Gürgen sebitlerindäki bir galanyň daşyny gabapdyr. Uzakdan seleňläp görünýän gala aýtymyňda ýaly görünse-de, oňa ýetýänçäň ýoly kötel dag geçitlerinden hem aşmaly eken. Soltan esgerlerini söweşe we ýeňşe ruhlandyryp, galanyň alkymyna barypdyr. Gabapdyr. Gala girýän arykdyr ýaplary hem petiklänsoň, ol ýerdäkileriň öz-özi boýun eger diýip, ep-esli gün garaşypdyr. Emma galadan tabynlyk habary gelmänsoň, ony zabt etmekden başga çykalga görmändir. Heniz giden ýerinden gury gelmedik soltan söweşe girmäge buýruk beripdir, ýöne galany birbada almak başartmandyr. Gaýtawul gaty güýçli bolupdyr. Galadakylar ok we otly peýkamlar bilen galanyň düýbüne aralaşmaga maý bermeýän ekenler. Şeýdip, iki-üç güne çeken synanyşyk netije bermändir. Ençeme günläp usurgadan söweşden soňra, soltan söweş tilsimini

mejbury üýtgetmeli bolupdyr, ýöne neneňsi çemeleşjegini bilmändir. Ertesi aladaňdan hüjüme geçmegi müwessa bilip, esgerlerine söweş taýýarlygynda bolmagy tabşyrypdyr. Gaýta-gaýta synanyşyk edilipdir, emma goranyşy böwüsmek başartmandyr. Her zatda çykalga bardygyna berk ynanýan soltan «indi nähili darasamkam» diýip durka, öz esgerlerinden biriniň galanyň gowşak ýerini tapyp, şol ýerden içeri sümlendigini görüpdir. Onuň yzy bilen beýleki esgerler hem galanyň içine aralaşypdyr. Şeýdip, galanyň ykbaly soltanyň ygtyýaryna geçipdir. Söweş kiparlansoň, soltan esgerlerini nyzama düzüp, galadan sümlüp geçen şol esgeriň kimdigini sorapdyr. Oňa bu başarnygy üçin bimöçber halat-engam ýapjakdygyny aýdypdyr, emma hiç kimden ses-seda çykmandyr. Soltan bu sözlerini öwran-öwran gaýtalapdyr, netije bolmandyr. Ahyry soltan şol adamy tapmagy we huzuryna getirmeklerini serkerdelerine buýrupdyr. Az salymdan soňra bir adam soltanyň hajybynyň ýanyna gelip: «Soltana ýetirmeli bir sözüm bar, idin bersin» diýipdir. Soltanyň huzuryna baranda ýaňky adam: «Men şol galadan sümlüp geçen ýigidiň dosty. Men onuň kimdigini aýdyp biljek, ýöne meniň bir şertim bar» diýipdir. Soltan muňa begenip, dessine razylaşypdyr. «Ilki bilen onuň adyny belläp almaň. Ikinjiden, oňa hiç zat eçilmäň. Üçünjiden, onuň nirelidigini we haýsy ildendigini soramaň» diýip, ýaňky ýigit äht alypdyr. «Söz berýän» diýip, soltan begençli seslenipdir. «Şol ýigit men» - ýigitden eşiden bu sözi soltany aljyradypdyr. Özüniň gerçek esgeriniň kimdigini tanamak islese-de, eden ähdine görä, ne onuň adyny sorap bilipdir, ne-de ilini. Esgerleriniň at-abraý, mal-mülk, baýlyk ýa-da şöhrat üçin däl-de, hut ak ýürekden wepalydyklaryny, yhlaslydyklaryna buýsanypdyr. Diňe, gije-gündiz Alladan edýän dileglerine ýene bir dileg goşulypdyr: «Perwerdigärim, meni şol ýigide ýoldaş et!».

## 47. MUNUŇ ÜÇIN ÝARADYLMANDYŇ...

Bir gezek Horasanyň meşhur pirleriniň biri Ybraýym ibn Edhem heniz derwüşlik ýoluna düşmänkä, ýagny onuň kakasy Balhda tagt üstünde oturyp, yklymlaryň halyny, habaryny, ykbalyny soraýarka,

ýakyn adamlaryny alyp, awa-şikara çykypdyr. Aw tazylaryny öňden goýberip, barha jeňňeliň jümmüşine aralaşypdyrlar. Şol ýerde ullakan ak maral towşana onuň gözi düşüpdir. Haýal-ýagallyga ýol bermän, okuny ýaýa salyp, kirşini dartdyrypdyr welin, golaýdan biriniň pyşyrdysy eşidilipdir: «Eý, Ybraýym, sen munuň üçin-ä ýaradylmandyň, saňa bu zatlar buýrulmandy». Ybraýym Edhem sakga durup, daş-töweregine garanjaklapdyr, emma şeýle sözi aýdyp biljek janly-jemendä gözi düşmändir. «Iblis, meni awumdan goýjak bolýar öýdýän» diýip, ýene ýaňky towşany kowalap başlapdyr. Pyşyrdy ikinji ýola, ýöne öňküden batlyrak gaýtalanypdyr: «Eý, Ybraýym, sen munuň üçin ýaradylmandyň, saňa bu zatlar buýrulmandy». «Bu mahal golaý-goltumda şeýle öwüt berjek kim bolup bilerkä?» diýip, Ybraýym Edhem töweregine göz gezdiripdir. Emma, hiç gara gözi düşmänsoň, ýoluny dowam etdiripdir. Hälki kowalaýan towşanynyň söbügine münüpdir. Dartylan kirşi goýberäýmeli pursady, ýaňky pyşyrdy aýdyň sese öwrülipdir: «A-how, Ybraýym, düşünmediňmi, sen munuň üçin ýaradylmandyň, saňa bu zatlar buýrulmandy». Ybraýym Edhem atynyň jylawyny çekipdir, okly ýaýyny ýere oklapdyr-da: «Indi, düşündim, her kim näme üçin ýaradylan bolsa, onuň şol ýolda yhlas etmegi gerek. Allanyň beren akylyny we ukyp-zehinini gaýry zada sarp etmek – nygmaty yrýa etmek. Bu maňa gaýypdan gelen ýatladyjy ses bolmaly» diýipdir. Şondan soňra Ybraýym Edhem aw-şikar höwesini we gaýry lezzetleri bir ýana goýup, diňe ylym we hakykat ýoluna düşüpdir. Döwrüniň iň keramatly adamlarynyň birine öwrülipdir. Ol heran-haçan özüniň hak ýola düşmegine sebäp bolan şol sesi öz şägirtlerine hem ündeýän eken: «Durmuşda her adamyň bitirmeli öz wezipesi bar. Näme üçin ýaradylandygyňyza akyl ýetiriň we özüňizi şol ýola bagyş ediň».

## 48. MÜŞGILLIKLERIŇ ÜÇ AÇARY

Bir adamyň hiç işi ugrukmaýan eken. Gije-gündiz tagat-ybadata berilse-de, yhlasy kem düşýärmi, ýa-da nesibesi duşanokmy, garaz

hiç bolubermändir. Ahyry ol döwrüniň meşhur alymlarynyň biri, dili dogaly ulama Muhammet al-Abiwerdiniň ýanyna baryp, başyny alyp duran bu müşgilliklerden halas bolmagyň alajyny sorapdyr. Alym ondan iň soňky gezek haçan sadaka berendigini sorapdyr. «Özümi zordan ekleýän. Gün-güzeranym ýabygorly. Elimiň uzadan ýerime ýetmegi beýle-de dursun, hatda bir lukmany agzyma hem ýetirip bilemok, bu ýagdaýda nädip sadaka bereýin. Käşgä weşeň-weşeň pulum bolsa, onda başga gürrüň» diýip, ýere bakypdyr. «Ýeri bolýar, onda iň soňky gezek haçan ýagşylyk etdiň?» diýip, alym ýene sorag bilen ýüzlenipdir. «Öz derdime mübtela bolup ýörşüme, özgelere ýagşylyk etmek pikiri asla kelläme gelmändir» diýip, ýigit göwünli-göwünsiz dillenipdir. «Ýeri bolýar, mundanam geçeli, onda iň soňky gezek haçan kitap okadyň?» diýip, alym sorapdyr. «Kitaby soňky gezek elime alanyma ýyl ýarym wagta bolandyr» diýipdir, ýigit bu gezek kanagatlanarly jogap berendigine ekezlenipdir. «Baý-boow, heý, beýle-de bir zat bolarmy. Adam üç günläp kitap okamasa, onuň ýüregi poslap başlaýar. Onsoň ol adam hiç bir şowlulygy hem, gowulygy hem görüp ýa-da duýup bilmeýär. Halypamyzyň aňymyza guýan öwütleri bar: «Eger bir işiňiz ugrukmasa, şu üç zadyň birini berjaý ediň, enşalla, ähli düwünler çözüler» diýerdi. Şol üç zat: ýagdaýyň boldugyndan sadaka bermek, başardygyňdan ýagşylyk etmek we kitap okamak. Haýsysy ýagdaýyňa muwapyk bolsa, ýerine ýetiribermeli. Ana, şondan soň işiň ugrugyp gidişine haýran galarsyň» diýip, jogap beripdir.

## 49. AMANATA WEPALYLYK

Abdylla ibn Mübärek hezretleri ylym öwrenmek üçin sapar-syýahata köp çykypdyr. Ýurt goramak üçin söweş-jeňe kän gatnaşypdyr. Ol halalhon adam hökmünde meşhurdyr. Bir gün ol bir meseläniň çözgüdiniň üstünde kän oýlanyp, teý-ahyr alajyny tapmansoň, ýol şaýyny tutup, şol ugurdan döwrüniň sowatly, ussat alymlarynyň biriniň ýanyna tarap – Şam illerine ýola rowana bolupdyr. Birnäçe aýlardan soňra, şol alymyň huzurynda peýda bolupdyr. Söhbet mazaly gyzypdyr. Dürli meselelere degip geçipdirler. Gürrüňiň arasynda Abdylla

ibn Mübärek ussat alymdan az salymlyk galamyny bermegini soran eken. Sebäbi, öz galamy gutarypdyr-da, bazara gidip-gelýänçäler ep-esli wagt gerek bolupdyr. Bu täsirli jümlelerden, ähmiýetli maglumatlardan bolsa, asla aýrylar ýaly däl eken. Bu alymyňkyda birnäçe gün myhman bolansoň, Abdylla ibn Mübärek ahyry öz iline – Merwe dolanypdyr. Merwe gelip, aýagyny atyň üzeňňisinden düşüren wagty, elini goştorbasyna sokanda, şol ussatdan alan galamyna eli ilipdir. Ine, soralyp alnan amanat galam. Muňa birhili bolan Abdylla ibn Mübärek şol pursat gaýtadan atlanypdyr we ýaňky galamy öz eýesine gowşurmak üçin Şama tarap ýola düşüpdir. Ol ýere baransoň, halypa alymdan ötünç sorap, galamyny oňa gowşurypdyr. Şeýdip, Abdylla ibn Mübärek ýatdan çykaran bir galamy üçin şol menzilleri gaýtadan geçmäge ýaltanmandyr.

## 50. GARYNDAŞLYK GATNAŞYGY

Gyşyn-ýazyn argyşa gidip, uzak menzilleri söküýän we giden-gezen ýerlerinden del harytlar getirýän söwdagärleriň biri sowatly alym Abu Muhammet al-Bagawyny idäp gelipdir. «Ussat alym, rysgalyň ondan dokuz bölegi halal söwdada» diýilýär. Nirä barsam, gelsem, halal söwda etdim. Öz bähbidimi ileri tutup, kimdir birini çürkemek meýli asla döremedi. Gije-gündiz ýortup, ýadawlygy ýada salman, elimde baryny etsemem, haryt baryny getirip, horjun-horjun dirhem-dinarlary toplasamam, munuň hiç bir berekedini duýamokla. Her gezekki argyşdan ummasyz girdeji galýan ýaly welin, gelen puluň nämä gidýänine akyl ýetirip bilemok. Şeýle ylgaýşyma, ezenegim ýerden galaýjak ýaly welin, hiç bir täsiri bildirenok, sebäbi näme bolup biler?» diýipdir. «Rysgalyň ondan dokuz böleginiň söwdada jemlenýändigi rast aýdylan söz, emma bereket diýip ýene bir zat bar. Gepiň hörpünden aňlaýşyma görä, sen söwda öte gyzygypsyň. Berekedi üpjün edýän zatlaryň iň esasylarynyň birini welin unudana meňzeýäň» – diýip, alym dillenipdir. Bu jogapdan kanagatlanmadyk söwdagär: «Men-ä berekediň halallykdan başga syry bardyr öýdemok. Ony hem mümkingadar ýerine ýetirýän. Bilmän goýberen

säwligim bolmasa, bilgeşlän ters ýola ýüz uran däldirin» diýipdir. «Hak aýdýaň, köp säwlikler bilmezlikden döreýär, emma nämedir bir zady bilmeýändigiň seni onuň jogapkärçiliginden boşadanok» diýip, alym ardynjyrapdyr. «Sen söwda berlipsiň, halal pişä baş urupsyň, emma garyndaşlaryň bilen gatnaşmagy unudypsyň. Islendik zady iň bereketli zada öwürýän sebäp – garyndaşlyk gatnaşygy. Her gezek gelip-gideňde, ýakynlaryň halyndan habar alyp, salama baryp dursaň, eliňden gelen ýagşylygy edip bilseň, berekediň bahar ýagmyry ýaly guýlup başlajakdygyna şübhe bolmaz» diýip, ussat alym jogap beripdir. Aýtmaklaryna görä, garyndaşlary bilen gatnaşmaýan adamyň özünde hem, öýünde hem, tapdym diýýän rysgal-döwletinde hem bereket bolmaýarmyşyn.

## 51. EZIZ ADAMLARY EÝ GÖRÜŇ

Günleriň birinde Mäne baba şägirtleri bilen uzak ýola sapara çykypdyr. Alymyň ýanynda ýol ugrunyň söhbedi hem ýa ylym, ýa-da öwüt-ündew bolýar. Şeýle gürrüňleriň birinde Mäne baba: «Başardygyňyzdan halaýan adamyňyza ýamanlyk etmäň. Özüňize eziz adamlary eý görüň» diýipdir. Göräýmäge sadadan düşnükli söz, emma bu öwüt şägirtleriň arasynda geň galyjylyk döredipdir. «Tagsyr, ýamanlyk halamaýan adamyňa edilýär, halaýan adamsyna kim ýamanlyk edip biler?» diýşip, olar ýerli-ýerden sorag baryny ýagdyrypdyr. «Her kime iň eziz adam ilki bilen onuň özi. Boýun alsa-almasa, her kim ilki bilen özüni eý görýär. Şonuň üçinem, ýazyga uçradýan ýaramaz işlere mübtela bolmak özüňize ýamanlyk etmekdir» diýip, Mäne baba bu hikmetli sözleriniň manysyny açyklapdyr.

## 52. BAÝEZIDIŇ HALYPASY

Her gezek Baýezit Bistamydan «Ömrüňde saňa iň ýiti täsir eden adam kim?» diýip soranlarynda, ol şu wakany uly söýünç bilen gürrüň berer eken. Waka şeýle bolupdyr:

Baýezit Bistamy hezretleri sähralygyň gyrasy bilen gidip barýarka öňünde özünden ýaşuly bir adama gabat gelipdir. Ýaşuly bir daňy

oduny arkasyna atjak bolup duran ekeni. Baýezit Bistamy ýaşulynyň ýanyna baryp, oňa kömek etmek isläpdir: «Häzir men saňa kömek ederin» diýipdir. Baýezit Bistamy keramatly adam. Ol sähralykda gezip ýören ýolbarslaryň birini ýanyna çagyryp, ýaşulynyň odunyny öýlerine eltip bermegi buýrupdyr. Ýolbars boýun sunujylyk bilen tagzym edip duran eken. Öwgi hemme kişä ýaraýar, Baýezit Bistamy hem ýaşuludan: «Ýeri ýaşuly, şähere baraňsoň sährada nähili adamy gördüm» diýip aýtjak?» diýipdir. Ýaşuly dikelipdir-de: «Men-ä şähere baramda bir ulumsy, zalym, öwünjeň adamy gördüm diýip gürrüň ederin» – diýipdir. Baýezit Bistamy ör-gökden gelipdir: «Men-ä saňa kömek edýän, sen bolsa maňa töhmet atýaň-la, sebäbi näme?» diýipdir. Ýaşuly: «Ilki bilen öz güýjüňe, ylmyňa, keramatyňa buýsanyp, ulumsylyk edip, menden soramazdan, kömek teklip etdiň, ýolbarsy çagyrdyň – bu ulumsylyk bolýar. Onsoňam ýolbarsyň arkasyna odunymy ýülklediň. Ýolbars ýük daşamak üçin ýaradylan haýwan däl, bu seniň oňa zulum etdigiň bolýar. Onsoňam soňky soragyň bilen özüňi öwmeklerini islediň, bu eýýäm öwünjeňlik bolýar» diýipdir. Baýezit Bistamy sähralykda sataşan şol ýaşulyny özüniň iň beýik halypasy hasaplapdyr.

## 53. SÄHETLI GÜNÜŇ SALGYSY

Ýyldyzlar we pelek (astronomiýa) ylmyndan iňňän sowatly bolan türkmen alymlarynyň biri Hebeş ibn Abdylla Hasyp al-Merwezi ýüz töweregi ýaşapdyr. Ol ömrüniň agramly bölegini Merwdäki obserwatoriýada geçirip, bu ugra degişli birnäçe ylmy işleri ýazypdyr. Şol döwürde halkyň arasynda sähetli we bisähet günler hakdaky gürrüňler barha örç alan eken. Her kim ol ýyldyzyň haçan dogýandygyny bilmese-de, her günki etjek işinden howatyr edip başlapdyr. «Sähedini bilmän başyna barsak, soňy bijaý gutaraýmasyn» diýşip, haýyrly işlerini hem birbada goýbolsun edipdirler. Ahyry şu ugurdan sowatly alymdan sorap görmegi müwessa bilip, Hebeş Hasybyň ýanyna barypdyrlar. «Bize sähetli günüň takyk salgysy gerek. Işlerimiz

barha ugrugyp gider ýaly, dogry wagty maslahat ber» diýip, bu ýerdäki jemende haýyş edipdir. «Onda, hergiz ýadyňyzdan çykmaz ýaly bir ýere belläp alyň. Owaldan ahyra sähetli günler şeýle bölünýär. Siziň bagt ýyldyzlaryňyz hem şoňa görä dogar: Haýyr iş üçin her gün sähet. Ýaman iş üçin hiç günem sähet ýok» diýip, Hebeş Hasyp olara jogap beripdir.

## 54. ÝÜZÜŇ NURY

Abulapbas Taýýyp Sarahsy ýüzi nurana adam eken. Bir gezek ondan bu tapawutly nuranalygyň sebäbini, syryny-hikmetini soranpdyrlar. «Heniz ýaş oglan wagtym, goýunlary alyp, örä bakmaga çykamda, öňümden ýüzi peşeneli bir ýaşuly çykdy. Ol ýüzüme dikanlap seretdi-de: «Ogul, ýüzüňde Hakyň nury bar. Ýazykdyr günä bilen bu nury öçüräýmegin» diýdi. Bu söz maňa uly täsir etdi. Jahyl ýigitkäm hem ýelgin höweslere başymy sämetmekden halas eden şol duýgy boldy. Gündelik gazanç, kesp-kär bilen meşgullanamda hem bu söz halallyga pugta eýermegime tekge boldy. Soň-soňlaram bir iş etjek bolsam, şol ýaşulynyň aýdan sözleri ýadyma düşdi durdy. Her etjek işimi ölçerip-döküp, saldarlap görüp, soňra başyna barýaryn. Haýsydyr bir säwligiň ýa-da ýazygyň ýüzümdäki nury öçürmegini islemeýärin. Çünki, adam näçe halal boldugyça, onuň ýüzi nurlanyp, ýüregi barha röwşenlik tapýar» diýip, Abulapbas Sarahsy nuranalygyň sebäbini aýan edipdir.

## 55. ALADA

Müsüriň türkmen hökümdary Ahmet ibn Tulun ir bilen turup, töwerege gezim eder eken. Soňra metjide baryp, karylaryň ol ýerde Gurhan okaýşyny diňlär eken. Bir gün ol ýoldaşlarynyň birini ýanyna çagyryp: «Şu dinarlary pylan ýerdäki ymama gowşur. Goý, bu pullary alsyn we aladalaryny bitirsin» diýipdir. Ýoldaşy aýdyşy ýaly edipdir. Gürrüň arasynda ymam täze perzende garaşýandyklaryny, aýalynyň dogum wagtynyň golaýlandygyny, ýöne lukmana görkezere harjynyň

ýokdugy üçin gaty alada edýändigini ýaňzydypdyr. Ýoldaşy gelip Ibn Tuluna bu wakalary gürrüň beripdir. «Ýöne onuň şeýledigini soramazdan nädip bildiňiz?» diýip, ýoldaşy geňirgenipdir. «Düýn göremde, ol Gurhany okanda arasynda käbir sözleri ýalňyşyp, aljyrap okady. Öňler beýle däldi. Şondan çen tutup, munuň serinde başga bir aladanyň köwsarlaýandygyny bildim. Sebäbi, başyňy alyp duran zerur alada işe ünsli çemeleşmekden saklaýar» diýip, Ahmet ibn Tulun jogap beripdir.

## 56. MANYSY BIR, TÄSIRI TAPAWUTLY

Orta ýaşa ýeten adamlaryň biri Ymam Nesewiden sorapdyr: «Tagsyr, ýaramaz endigimden hiç saplanyp bilmedim. Ýürekden ökünsemem, şolardan-a el çekip bilemok, gaýta her gezek «gaýdyp şu hereketi etmäýin» diýýän welin elim-aýagym şoňa dartylyp dur. Meniňem abraý bilen il hataryna goşulasym gelýär. Heý, bir alajy barmydyr?» diýipdir. «Ajaldan başga zadyň alajy bardyr, ogul» diýip, Ymam söze başlapdyr. «Ýöne, aýt, etmişiňe ökünip, toba edeňde, şol işe gaýdyp golaýlaşmajakdygyň hakda özüňe söz berip gördüňmi?» diýip sorapdyr. Ýigit bu sowala: «Wah, her gün ýüzlerçe gezek äht edýän, ýöne birine hem eýerip bilemok. Ýa amalyma yhlassyz çemeleşýän, ýa ähdiň wepasyna az düşünýän» diýip, ýüzüni aşak salypdyr. «Ýeri, onsoň, öz ýanyňdan nähili äht edýäň?» diýip, Ymam meselä has içgin girişip başlapdyr. «Mysal üçin, gel, adamlaryň göwnüne degmäýin, abraýyna dil, emlägine el uzatmaýyn diýýärin, emma köp wagt geçmänkä kelläm ýene ýaňky pikirlerden doly, başga zat küýüme gelenok, gaýry zat gözüme görnenok» diýip, ýigit öz bolşundan zeýrenipdir. «Ine, ilkinji säwligiň şu ýerden başlanýar» diýip, Ymam oňa düşündiripdir. Ýigit bu sözlere geňirgenipdir, soňuna çenli takat edip oturyp bilmändir: «Heý-de, ýürekden edilýän ökünçde-de bir nogsanlyk bolarmy? Niýetiňi ýagşa düwmek amallaryň iň gowusy dälmi näme?» diýende, ymam oňa: «Hak aýdýaň, ogul, häsiýetiňi düzeltmäge ymtylmak Hakyň iň eý görýän zatlarynyň biridir. Emma her

gezek öz ýanyňdan «men gaýdyp ýalan sözlemäýin» diýseň, kelläňde, seriňde ýalan söz hakdaky düşünje öwrüm eder durar, ogurlyk etmäýin diýseň, ilki bilen ýadyňa ogurlyk düşer, göwnüne degmäýin diýseň, pikiriňi ilki gurşaýan zat göwnedegme bolar. Bu ýerde yhlasyňam kemter däldir, ýeterlikdir, emma söz bilen iş salşaňda sere-sap bol, hergiz ýaman-ýaramaz zatlary ýadyňa saljak sözler bilen äht etmegin. Hiç wagt «göwnüne degmäýin» diýme, «mylakatly bolaýyn» diý. Hiç wagt «ogurlyk etmäýin» diýme, «halal bolaýyn» diý. Hiç wagt «ýalan sözlemäýin» diýme, «hemişe dogruçyl bolaýyn» diý. Hiç wagt «şer işden daş duraýyn» diýme, «ýagşy işe ýakyn duraýyn» diý. Hemişe sözleriň ýagşysyny, süýjüsini saýla. Diňe gowy zady ýadyňa saljak sözleri saýla. Şeri ýeňip geçmegiň iň ygtybarly ýoly haýyrly tarapyna artykmaç üns bermekdir. Her gezek ökünmek üçin öňki häsiýetiňi ýatlasaň, şolary etmezlige çalyşsaň, sen bu hereketleriňden asla saplanyp bilmersiň, emma «geçen geçdi, ol zatlar owarram bol-sun, men indi her bir zadyň haýyrly tarapyna seretjek, diňe ýagşy amallar etjek» diýseň, enşalla, ädimme-ädim özgerer bararsyň. Şonuň üçin, ogul, saňa pent bolsun, şer işden daşlaşjak bolma, bu pikiri asla ýadyňa salma, sen diňe ýagşy işlere öňküden-de has köp ýapyşjak bol. Bu sözleriň ikisiniňem manysy bir, emma täsiri we netijesi düýp-göter tapawutlydyr» diýip, ymam Nesewi oňa özüňi nähili alyp bar-malydygyny hem-de sözüň edýän täsirini düşündiripdir.

## 57. DIŇE ŞOWLULYK

«Ynsana ýagşy-ýaman, ugur-ugursyzlyk, şowlulyk-şowsuzlyk garym-gatym edilip berlipdir. Gowusyna guwanyp, ýaramazyna sabyr etmeli. Ýagdaýyň boldugyndan ýagşylyk etmeli. Galan zat öz akymy bilen gider durar» diýip, märekede bir adam söz açypdyr. Emma ýaş ýigitleriň biri bu söz bilen ylalaşmandyr: «Mende hiç haçan şowsuzlyk bolanok, siziň bu pikiriňiz maňa-ha laýyk däl» diýipdir. «Sen neneň şowsuzlykdan aman sypyp bilýärmişiň? Ýa asmandan inen melekmiň, beýleki adamlardan saýlanar ýaly?» diýip, ýaňky gatyrganypdyr.

«Menem siz ýaly adam, emma mende hiç wagt şowsuzlyk bolanok. Şeýle bir ýagdaýlar ýüze çykýar, olar meni öňküden-de taplap, ýene üstünliklere ugrukdyrýar, şonuň üçin men olary hem şowlulyk hasap edýärin» diýipdir. Bu düşünjeleriň haýsy birine ten berjegini bilmän adamlaryň pikiri garjaşyp başlansoň, döwrüň sowatly adamlarynyň biri Ymam Suhrawerdiniň ýanyna maslahat sorap barypdyrlar. «Iki pikir bar: birinjisi, ynsan ömründe şowlulyk we şowsuzlyk garym--gatym ýüze çykýar, ikisi-de hökman duş gelýär» diýýär. Ikinjisi, hiç wagt şowsuzlyk bolanok, hemişe işim ugruna ýa-da işimi ugrukdyrýan sebäpler ýüze çykýar» diýýär. Bularyň haýsysy hakykata has ýakyn?» diýip sorapdyrlar. Pir olara: «Ikisem dogry» diýip, jogap beripdir. «O nädip ikisem dogry bolýarka, şol bir zadyň iki hakykaty, şol bir meseläniň iki jogaby bolmaýar ahyry» diýşip, adamlar geň galypdyr. «Durmuş meselesinde bularyň ikisem dogry, gaýta munuň üstüne üçünji birinem goşup bolar. Siz durmuş hakda nähili pikir etseňiz, ol size edil şonuň ýaly sereder. «Şowly-şowsuzlyk garym-gatym goýlupdyr, ikisini hem göräýmeli» diýseňiz, bu ikisi öňüňizden gezekleşip çykar durar. «Meniň ömrüme uzaboýuna şowsuzlyk» diýse, öňünden çykjak zat hem diňe şowsuzlyk bolar, gowy zady hem duýup bilmez. «Mende hiç wagt şowsuzlyk bolanok, diňe üstünliklere ugrukdyrýan ýagdaýlar ýüze çykýar» diýse, ähli mesele hut şeýle-de çözüler. Wakalary nämä ýorsaňyz, durmuşy nähili görseňiz, ol hem size edil şol düşünjä laýyk garar. Şonuň üçin bu meselede haýsysy has ýaramly we ýakymly bolsa, şol jogaby hem saýlap alyp bilersiňiz» diýip, pir olara durmuşyň bu hikmetini düşündiripdir.

## 58. ÖMRE ÝETERLIK PENTLER

Kubra hezretleriniň huzuryna şägirtlige höwesli ýigitler suw akyşy deýin üznüksiz geler durar eken. Onuň elinde ýetişen öwlüýäler juda köp bolup, oňa «Welitaraş» ýa-da «Sanygul-ewliýa», ýagny «Welileri ýetişdiriji» diýen dereje-lakam berlipdir. Säliklerden, ýagny şägirtlerden başga hem onuň hikmetli pentlerini diňlemäge ýakyn-alyslar-

dan gelýänleriň yzy üzülmez eken. Şeýle günleriň birinde Gürgenjiň üsti bilen Merwe barýan kerwendäki jahankeşdeler piriň ak patasyny almak hem-de onuň öwüt-nesihatyny diňlemek üçin şol jelegaýda goş ýazdyrypdyrlar. «Hezretli pir, biz bir jahankeşde adamlar. Baran-gelen ýerlerimizden del haryt alyp, öz illerimize äkidýäris. Söwda-satyk edýäris. Ýurtlaryň ahwalyny, habaryny ýetirýäris. Kimden nähili ýagşy söz, öwüt eşitsek, hemmeler bilen paýlaşýarys. Hemişe ýol üstünde gezýän adamlar nämä meşgul bolsalar gowy? Bize şeýle bir öwüt ber, goý ol öwütleriň hikmeti, täsiri bütin ömrümize ýeterlik bolsun» diýip, haýyş edipdirler. Pir hezretleri bu gelen myhmanlaryň raýyny diňlänsoň, olara şeýle nesihat edipdir: «Ömür ýeňil-ýelpaý ötülýän menzil däl, emma şu alty amaly berjaý etseňiz, dünýäniň ekin meýdanyna taşlan her bir dänäňiz juda hasylly bolar. Daýym ýadyňyzda bolsun, adamlar köp işlemäge meşgul bolsalar, siz her bir eden zadyňyzy gowy işlemäge meşgul boluň. Adamlar artykmaç ybadata meşgul bolsalar, siz ilki bilen möhüm borçlaryňyzy bitirmäge meşgul boluň. Adamlar daşky keşbini bezemäge meşgul bolsalar, siz içki dünýäňizi bezemäge meşgul boluň. Adamlar özgäniň aýybyny gözlemäge meşgul bolsalar, siz öz aýybyňyzy düzetmäge meşgul boluň. Adamlar haraba nebsini dikeltmäge meşgul bolsalar, siz synyk göwünleri dikeltmäge meşgul boluň. Adamlar kimdir biriniň göwnüni görmäge meşgul bolsalar, siz haýyrly amallar bilen Ýaradanyň ryzasyny gazanmaga meşgul boluň» diýipdir. Şeýdibem, piriň dogaýy jümlelerini ömürleriniň baş şygaryna öwren jahankeşdeler bu hikmetli sözleri äleme hem ýaýypdyrlar.

## 59. AZYNDAN EÇILMEÝÄN, KÖPÜNDEN BERMEZ

Gurby ganymat adamlaryň biri hökümdar Ahmet ibn Tulunyň ýanynda ýagşylykdyr sadaka hakda söz açypdyr. «Şu wagt az-owlak oňňudym bar, emma elim giňese, menem ile-güne ýagşylyk edip, sadaka berip başlajak. Hudaýyň rysgymy giňelderine garaşyp otyryn,

çyndan niýetime düwdüm» diýipdir. Hökümdar oňa: «Bilmedim welin, sen rysgyň giňände hem sadaka berersiň öýdemok» diýipdir. «Walla, şu-la meň çypbakaý-çynym. Şeýle bir höwes edýärin, niýetime görä bolsa, enşalla, hökman sahawat ederin» diýip, gurply adam ynamly gürläpdir. «Niýetlerem iki dürli bolýar: çyn we ýalan niýetler. Synym sowa düşmeýän bolsa, onda seniň ýüregiňe ýalan niýet ornaşana meňzeýär» diýip, hökümdar oňa bakypdyr. «Ýalan niýetiň bardygyny ilkinji gezek eşidýärin. Niýetiň orny ýürek bolar-da, heý onuňam ýalany bolarmy?» diýip, gurply adam geň galypdyr. «Owaldan gelýän bir pähim bar. Adamyň niýetiniň dogrumy ýa-da ýalandygyny bilmek üçin şol pähime esaslanýarlar. Onda şeýle diýilýär: «Käbir adamlar öz ýanyndan «eger-de mende şunça-şunça mukdarda mal-mülk bolsa, menem şonuň pylança bölegini haýyr-sahawat etjek diýerler, emma şonça baýlyga eýe bolanda hem ne sahawat eçilerler, ne-de sadaka bererler. Sebäbi, şu wagtky iki teňňesiniň birini bermäge dözmeýän adam, Allanyň eçilen iki müň teňňesiniň ýaryny ýa-da ondan birini bermäge ýürek eder öýdýäňizmi? Azyny gysganýan adam, köpünden asla bermez» diýilýär. Şonuň üçinem rysgyň giňemegini isleýän bolsaň, ýa baryňdan eçilmegi öwren, ýa-da derrew niýetiňi üýtget. Onsoňam, hak bendesi rysgynyň giňeýändigi üçin eçilmeýär, ilki baryndan eçilýändigi üçin Alla onuň rysgyny giňeldýär. Sebäbi ol öz amaly bilen niýetiniň çyndygyny subut edýär» diýip, Ahmet ibn Tulun oňa düşündiripdir.

## 60. DAŞLARYŇ ARASYNDA GÖWHER BAR...

Märekede oturan adamlaryň biri obanyň beýle çetinde ýaşaýan biriniň üstünden düşüpdir. «Şol adamy hiç sulhum alanok. Gabat gelişsek, Taňry salamyny gysganmasam-da, şondan aňry bir söze-de geçip bilemok, beýle-de bir ýaramaz adam bolar eken. Goňşulary hem şondan halys-bizar bolupdyr» – diýip zeýrenipdir. «Ol gowy adamdyr, ýöne biz gowy tarapyny görüp bilmeýän bolmaly» diýip, şol ýerde

* 33. Sargyt № 975

oturan ussatlaryň biri – Ybraýym as-Suly dillenipdir. «Aý, ýok, şol-a durky-zanny ýaramaz bir zada meňzeýär. Ol ýaramaz adam» diýip, ýaňky adam per bermändir. «Ýaramaz adam bolmaýar, ýöne ýaramaz häsiýetler bolýar. Käbir adamlarda şeýle häsiýet artygrak bolup biler, ýöne bu onuň durky-düýrmegi bilen erbetdigini aňlatmaýar. Ýüregi daş ýaly diýjeksiň, emma gymmatbaha göwherler hem daşlaryň arasynda ýatýar – onuň hökman bir gowy tarapy bardyr. Hergiz ýürekde adama bolan kine götermäň. Sähel kine köňül gözüni kör edýär, onsoň her bir zadyň gowy tarapyny görmekden mahrum galýarys. Güman bolsa käte agyr günälere-de eltip bilýär. Geliň, şu günden başlap, onuň diňe gowy tarapyny gözläp başlalyň, şonda daşlaryň astynda basyrylgy ýatan göwherleriň üstünden hökman bararys» diýip, Ybraýym as-Suly jogap beripdir. Bu sözlerden soňra ýaňky adam toba edip, gümandan daş durjakdygyna söz beripdir.

## 61. BIR SÖZDEN YBARAT TERBIÝE

Heniz beglik derejesine çykmanka Ymadeddin Zeňňi harby tälimçi we atabeg eken. Atabegler öz şägirtlerine dürli ylymlary we harby sungaty birkemsiz öwredip, olary durmuşa ählitaraplaýyn taýýarlar eken. Şonuň üçinem türkmeniň atabeglik mekdebi gaýry halklara hem nusga, görelde bolupdyr.

Bir gezek Ymadeddin Zeňňi öz şägirdiniň çydamlylygyny taplamak üçin ony dürli synaglara sezewar edipdir. Arkasyna agyr daşlary alyp, olary baýryň depesine daşamagy buýrupdyr. Soňra heniz demini dürsäp ýetişmänkä, ony jeňňele, tokaýa äkidip, ýabany haýwanlar bilen başa-baş darkaş gurmagy tabşyrypdyr. Özi hem golaý-goltumynda durup onuň her bir hereketini, özüni alyp barşyny synlapdyr. Halys ysgyn-mejaly galmadyk şägirdine Ymadeddin Zeňňi bary-ýogy ýekeje sözi gaýta-gaýta ýaňzydar eken. Diňe şol sözüň özi şägirdiniň her bir işe çydamly çemeleşmegine, ruhdan düşmezligine, ýene gylaw tapyp, gara güýjüne we sagdyn akylyna daýanyp, öňe okdurylmagyna sebäp bolar eken. Her gezek şägirdi «mundan aňyrda

mejalym ýok» diýen terzde halypasynyň ýüzüne dikanlap bakanda, Ymadeddin Zeňňi oňa: «Çyda, ýene azajyk çyda» diýer eken. Şägirdi hem halypasynyň ynamyny ödemek üçin her gezek «ýene azajyk çydar» eken. Şeýdibem, bary-ýogy birje sözüň – ýene azajyk çydamagyň gudraty bilen şägirdi bir günde birnäçe işiň hötdesinden gelipdir. Gün ikindiden aganda Ymadeddin Zeňňi şägirdini ýanyna çagyryp: «Her wagt özüňi ýadaw ýa argyn duýsaň, ýa-da nämedir bir zada hötde gelmek çetin düşer öýtseň, «ýene azajyk çydaýyn, azajyk gaýrat edeýin» diýip, ýadawlyga-da, ýaýdanjaňlyga-da per bermän, öňe dyzasaň, hökman iş bitirersiň. Üstesine bu ýagdaý soňra endige, häsiýete öwrülip galar we barha kämil bolarsyň» diýipdir.

## 62. BU DONY HEMMELER GEÝER...

Soltan Ýemineddöwle Mahmyt ibn Söbüktegin ogly Mesudyň gymmatbaha lybaslara bürenmegi eý görýändigini bilende, ony ýanyna çagyryp: «Oglum, seniň bu geýen donuňy hemmeler hem geýip bilýär. Tirme guşak, gonçly ädik, jöwher hanjar ähli ýerde tapylýar. Sen hiç bir hazynada tapylmaýan we hiç kimiň aňsatlyk bilen geýip bilmeýän donuny geýmäge, şol dona ýaraşyk guşagy dakynmaga mynasypsyň. Şol dona bürenseň, gelşigiň has artar» diýipdir. «Bulardan zyýada lybas nähili bolýar?» diýip, Mesut kakasyndan sorapdyr. «Ol takwalyk, halallyk, sap ýüreklilik we yhlaslylyk donudyr» diýip, soltan Mahmyt ogluna pent beripdir. «Hiç bir hazynada tapdyrmaýan bolsa, ol donlary, lybaslary nireden nädip gazanyp bolýar?» diýip, Mesut gyzyklanypdyr. «Munuň üçin dört zady unutmazlyk gerek. Islendik ýagşy häsiýetiň we salyh amalyň özeninde şu dört zat çarh kibi aýlanyp durandyr. Ilki bilen islendik zada girişmeziňden ozal, ol iş hakda habaryň, bilimiň bolsun. Näme edýändigiňe akyl ýetirip bilmeseň, gazanjak netijäň haýryndan zeleli artyk bolar. Ikinjisi, islendik amala girişeňde ýagşy we mäkäm niýet bilen başla. Her hereketi ymykly ýüregiňe düw. «Her kim niýetine görä gazanar» diýlen pähime eýer. Üçünjisi, işe girişeňsoň, daýym ümzügiň öňe bolsun, bir

başlan işiňi orta gürpünde taşlama, soňuna çenli alyp çyk. Dördünjisi, işe, amala halys ýüregiň bilen ýapyş. Sowuk-sala baş urmak göwün halar netijä eltip bilmez. Şu zatlary amal etseň, seniň zynatyň, syratyň öňkülerden has zyýada bolar. Egninde halallyk lybasy bolan ynsan halkyňam, Hakyňam sylagyna eýe bolar» diýip, soltan Mahmyt ogly Mesuda nesihat beripdir.

## 63. ÜZÜLMEJEK ÝÜP

Mäne baba bir gün öz şägirtlerini synagdan geçiripdir. Olaryň okap, öwrenen zatlaryny hakyky durmuş ýüzünde neneňsi özleşdirýändiklerini bilmek isläpdir. Ýogsam, diňe bir şägirtler däl, galaba adamzat bir zada gyzygyp, diňe şoňa dümtünip oturyşyna, käteler durmuşyň başga taraplaryny gözden salaýmasy hem bar. Olaryň ählisine şol bir ýumuş buýrulypdyr. Ýumuşlaryň biri hem obalara we şäherlere siňip, mätäç adamlara ýagdaýyň boldugyndan kömek etmek, olaryň müşgilliklerini çözmäge ýol tapyşmak, göwünlerini göterip, ýaşaýşa ruhlandyrmak, täze umytlara we maksatlara höweslendirmek eken. Elbetde, ýumşuň şerti birmeňzeş bolsa-da, olaryň her biriniň muňa özüçe çemeleşjekdigi düşnükli. Birnäçe wagtdan soň şägirtleri arasyna salym salman, yzygiderlilikde piriň bosagasyndan ätläpdir. Her biri öz başdan geçiren, duçar bolan wakalary hakda pire gyzygyp-gyzygyp gürrüň beripdir. Mesele çözmegiň, il-güne nepagatly bolmagyň inçe ýollary, öz ulanan tilsimleri, ukyp-başarnyklary hakda söhbet edipdirler. Mäne baba bularyň her birini dykgat bilen diňläpdir, ýogsam onsuzam şägirtleriniň ahwaly pire aýan eken. Ýöne söhbetdeşiňi diňläp bilmek iň uly edep saýylansoň, pir ahyryna çenli baş atyp, makullamak bilen gulak asar oturar eken. Olaryň her biri özleriniň gabat gelen meselesine özboluşly usul bilen çemeleşipdir: biri mylaýym sözi ileri tutsa, beýlekisi diňe erjelligiň netije berýändigini ýaňzydypdyr. Ýene biri käte söze bat bermegiň, äheňe haýbat garmagyň hem netijeli usuldygyny nygtapdyr. Ýeri gelende, gaharyny getiren adamlaryň hem ýek-ýarym duşandygyny ussadyndan gizläp

oturmandyrlar. Diňe Mäne babanyň huzuryna täzeräk gelen şägirtleriň biri öz öňünden birjik-de ýaramaz adamyň çykmandygyny hem-de çözülmän galan meselesiniň ýokdugyny aýdansoň, beýleki şägirtleriň arasynda az-kem gowur artyp başlapdyr: «Heý-de köpçüligiň içinde sagy barka, sökeli, akyllysy barka, dälisi bolmazmy? Ilçilikde her töwra adam hökman gabat geläýmeli. Bu sözleriň-ä birneme badyhowa görünýär» diýşipdirler. Emma ýaş şägirt gürleýiş hörpüni üýtgetmändir. «Meniň üzülmejek ýüpüm bar, nirä uzatsam ýetýär. Men hemişe şoňa ýapyşýaryn we maksadyma ýetýärin» diýipdir. Beýleki şägirtler bu söze ör-gökden gelipdir: «Seniň juda gögeledigiň aýan boldy. Hiç wagt jadygöýlüge bil baglamagyn, halanýan häsiýet däldir» diýşip, ýüzlerini kese sowupdyrlar. Pir hezretleri bolsa, bu bolýan wakalara myssa ýylgyryp oturan eken. «Men bu ýerde jadygöýlük hakda asla dil ýaramok, aňymda, oýumda beýle pikir asla köwsarlamasa näme?» diýip ýaş şägirt geňirgenipdir. «Ýeri, onda seniň ol göze görünmeýän ýüpüň näme bolýar? Biz-ä seni boýnuň urganly-ýüpli görmedik» diýşip, şägirtler ýerli-ýerden oňa sorag baryny ýagdyrypdyrlar. «Meniň hiç wagt üzülmeýän ýüpüm – ynanjym we imanym. Bir ýola düşsem, ýa-da islendik bir işe ýapyşsam, başarjakdygyma ýürekden ynanýaryn. Çünki, halypamdan öwrenen pentlerimiň birinde «Eger-de siz ýürekden ynansaňyz, siz hiç wagt ejizlemersiňiz we hiç wagt gamgyn hala düşmersiňiz, hemişe üstün bolarsyňyz» diýilýär. Şeýdibem, men şol ynam ýüpünden ýapyşyp, islendik ýere ynam bilen arkaýyn barýaryn» diýipdir. Bu sözlerden soň beýleki şägirtler heniz öwrenmeli we özleşdirmeli zatlaryň gaty kändigine düşünipdirler.

## 64. BARYBIR BOLJAK BOLSA...

Günleriň birinde Käbä goňşuçylykda oturan Mahmyt Zamahşarynyň ýanyna birnäçe adam baryp, ondan maslahat sorapdyr. «Siz nädip dünýä pitiwa etmän, hiç zady piňe alman, gaýgy-gamsyz, arkaýyn ýaşap bilýärsiňiz? Biz-ä şu günkümizi tapsak, ertiriň aladasy,

gaýgysy bilen garabaşagaý bolýarys. Siz bolsa örän asuda. Üstesine-de, biz-ä uzakly gün hysyrdanybam, bir doýumlyk owkat edinýäris. Siz bolsa, üýtgeşik zähmet çekeňzok, emma rysgyňyz biziňkiden egsik däl. Aladasyz ýaşamagyň syry nämede?» diýip sorapdyrlar. «Islendik zadyň iki ujy bar: boljagy ýa bolmajagy. Onsoň, pikir edip görüň, alada-gaýgy edenim bilen hem barybir boljak bolsa, men ony näme üçin alada etmelişim? Ýa-da gaýgy-alada edenim bilen barybir bolmajak bolsa, men näme üçin bolmajak zat üçin kelle agyrtmalymyşym? Şeýdibem hemişe şu iki pikiri özüme hasa ýaly tutunýaryn: ýazgytda bar bolsa, hökman bolaýmaly bolsa, barybir boljak zat, alada edeniňe degenok. Tersine bolaýanynda-da: ýazgytda asla ýok bolsa, hiç wagt bolmajak bolsa, barybir bolmajak zat – bu-da asla alada edeniňe degenok. Üstesine-de, gursak giňedigiçe, rysgyň hem giňäberýär» diýip, jogap beripdir.

## 65. ÝAZMAK GOWY, ÝÜZMEK HAS ZERUR

Türkmen atabegleriniň biri öz döwrüniň arap hökümdarlarynyň ogullaryna tälim berýän eken. Bir gün hökümdar oglunyň okuwyndan we halyndan habar alaýyn diýip, bularyň ýanyna gelipdir. Emma okuw üçin niýetlenen hüjreden olaryň hiç birini tapmandyr. Muňa birneme gahary gelen hökümdar derrew atabegi we ogluny tapyp getirmegi buýrupdyr. Gözleg ep-esli wagty alypdyr. Atabeg hem-de hökümdaryň ogly Dejle derýasynyň kenarynda suwa düşüp ýören ekenler. Hökümdaryň gahar siňen gaşlary asla ýazylmany bilmeýän eken, emma bu ikisi özlerini asla müýnsüz alyp barypdyr. «Okuw öwretmeli halyňyza, derýanyň kenarynda oýnap ýörmek edebe sygýan zatmydyr. Men size oglumy durmuşa taýýarla diýdim, bilim ber, hat ýazmagy öwret diýdim, siz bolsa, ynamdan peýdalanyp, oýna güýmenip ýören ekeniňiz» diýipdir. «Eý, atam, ussadym maňa oýun däl-de, suwda ýüzmegi öwredip ýördi» diýip, hökümdaryň ogly dillenipdir. Bu sözlere az-kem köşeşen hökümdar barybir öz pikiriniň dogrudygyny ýanjamak isläpdir: «Ýüzüp bilmegem gowy zat, emma

hat ýazmagy öwrenmek has zerur, durmuş deňzinde ýüzmek üçin ýazyp we okap bilmek gerek» diýipdir. «Hak aýdýaňyz, hökümdarym, hat-ýazuw has gowusy, emma suwda ýüzüp bilmek has wajyby. Çünki ol özüne derek ýazyp berjek kimdir birini tapyp biler, emma özüne derek ýüzüp berjek adamy tapyp bilmez. Her adamyň özi ýüzmelidir» diýip, atabeg jogap beripdir. Atabegiň bu sözleri hökümdaryň hoşuna gelensoň, oňa goşmaça engam ýapmagy buýrupdyr we oglunyň tälim-sowadyny oňa doly ynanypdyr.

## 66. MÜŇ ÝYL GARAŞAN KÖPRI

Ýusup ibn Taňryberdi Atabegiň «Müsür we Kair patyşalygyndaky röwşen ýyldyzlar» atly köp jiltlik eserinde şeýle taryhy waka ýatlanylýar.

«539-njy hijri ýylynda (1144-nji milady ýyly) birnäçe uruşlardan we söweşlerden soňra Zeňňi ibn Ak Sunkar Roha şäherini pereňlileriň elinden gaňryp aldy. Olaryň berkitmelerini ýumurdy, emma galadaky raýatlara aman berýändigini ýazdy. Olaryň ählisine adyllyk bilen garady. Ýeňiş güni bu ýerde täsin bir waka boldy. Duýdansyz bir ýerden gelen sil düýbi zemine çümüp oturan köne sütünleriň üstüni açdy. Sütünleriň ýüzünde gadymy surýany dilindäki ýazgylar bardy. Bu ýerdäki uzak ýaşly oturymly ilat hem şeýle sütünler hakda hiç zat bilmeýän eken. Hatda onuň ýüzündäki ýazgylary hem okap bilýän adam tapylmandyr. Diňe şol töwerekde ýaşaýan garry jöhidi getirenlerinde, ol bu täsin ýazgyny çözüp, ony arapça geçiripdir. Ol ýerde şeýle ýazgylar bar eken:

«Asfar nesilşalygyndan bäri ýatdan çykarylypdym,
Käteler çelgi, käteler münber bolup göründim.
Soňra ara ep-esli boşluk düşdi.

Eger-de Zeňňi ibn Sunkar bolmadyk bolsa, men asla ýüze-de çykmazdym». Alym sözlerini şeýle jemleýär: «Heniz Zeňňi ibn Ak Sunkar dünýä inmezinden owal müňlerçe ýyl öň onuň adynyň sütün-

lere ýazylmagy, juda täsin! Zemine basyrnyp ýatan ol sütün müňlerçe ýyllap Zeňňi ibn Ak Sunkaryň peýda bolaryna garaşypdyr».

## 67. IŇ HOWPLY ZAT

Bir gezek Soltan Sanjar köşgüniň ähli akyldarlaryny jemläp, olardan dünýädäki iň howply zadyň nämedigini sorapdyr. Dürli ugurlardan sowatly, ylym ýüki ýetik ulamalar, sözi täsirli suhangöý şahyrlar, kätipler bu mejlise ýygnanan eken. Olaryň her biri öz garaýyşlaryna görä, iň howply zadyň nämedigini öňe sürüpdir. Müneçjimler «bisähet ýyldyz» diýse, salgytçylar bereketsiz hasyly, serraplar puluň hümmetiniň gaçmagyny, şahyrlar hoş sözi diňleýänleriň azalmagyny, alymlar ylyma höwesiň peselmegini, garaz, hersi öz kärine, hünärine görä bir pikiri, garaýşy orta atypdyr. Iň howply zadyň zäherli mör-möjekler ýa-da ýyrtyjy haýwanlar hem bolup biljekdigini ýaňzydypdyrlar. Soltan Sanjaryň mejlisinde her bir paýhasly söze gulak güýdülse-de, aglaba halatda agramy-mertebesi artyk adamlaryň garaýşyna hemmeler diň salar eken. Şolaryň biri şahyr Muyzzy bolupdyr. Soltan Sanjar şahyryň pikirini sorapdyr. «Dünýäde howply zatlar kän, emma yalňyş sözden, ýalňyş düşünjeden howply zat ýokdur. Esasan-da, kitaplarda ýalňyş ýazylan söz has hatarly. «Bijaý söz baş alar» diýilýär. Ýerini bilip sözlemeseň, ýa-da ýalňyş bir jümläni dile alsaň, janyň howp astyna düşer, bir jan kösener. Eger-de kitapda, depderde haýsydyr bir sözi ýa-da sözlemi ýalňyş ýazsaň, onda şony okaýan birnäçe adam kösener. Ýalňyş ýazylan ýekeje söz durmuşyň akymyny düýbünden başga tarapa hem öwrüp biler. Hut şonuň üçinem men-ä ýalňyş sözden howply başga bir zat bardyr öýdemok» diýipdir. Soltan Sanjar Muyzzynyň sözlerini has ileri tutupdyr.

## 68. BIRI BILEN ÇÄKLENMÄŇ

Günleriň birinde Mälik şa baş wezirini ýanyna çagyryp: «Köşgüň iň sowatly alymy kim?» diýip sorapdyr. Baş wezir köşkdäki alymlary we olaryň ýagdaýyny birin-birin sanap ugrapdyr. «Pylany

alym hasap-hesipden, binagärlikden ökde. Pylany müneçjimlikden gowy baş çykarýar. O pylany bolsa hak-hukukdan ussat. Ýene biri bar, harby tilsimlere ezber. Ýene birisi bar, ýer-ýurtlar ylmyny, geografiýany takyk bilýär...» diýip, her birini suratlandyrypdyr. Mälik şa ertesi irden ähli alymlaryň we wezir-wekilleriň diwanhana üýşmegini tabşyrypdyr. Aýdylan gün, bellenen wagt gelip ýetipdir. Mälik şa alymlaryň birine ýüzlenip, ondan bir mesele hakda sorapdyr. Alym edep bilen tagzym edipdir-de: «Soltanym, siziň bu soraýanyňyz hak-hukuk ylymlaryna degişli, muny pylanydan soraň» diýipdir. Soltan ady tutulan alyma bakyp, oňa başga bir ylymdan sowal beripdir. Ol alym hem ýaňky jogaby gaýtalapdyr: «Soltanym, bu meniň ugrum däl, muňa pylany ökdedir» diýipdir. Soltan oňa gaýry bir sorag bilen ýüzlenipdir, emma jogaplar üýtgemändir: «Meniň ugrum hasap-hesip, emma bu sowal ýer-ýurt ýagdaýlaryna degişli, muňa pylany alym ussatdyr» diýipdir. Garaz, alymlaryň hiç biri özlerine berlen sowallara jogap berip bilmändirler. Mälik şa olara ýüzlenip: «Şunuň ýaly uly-uly kitaphanalaryň bar şäherinde, mümkinçilikleriň bol ýerinde, diňe ýekeje ylym bilen çäklenip oturmagyňyz geň galdyrýar. Alym öz ugruny çuňňur bilmelidir, emma bu onuň beýleki ugurlara biparh garamalydygyny aňladanok. Hakyky ussat alymlar bir ylyma däl-de, birnäçesine eýe bolmalydyr. Biri bilen çäklenip oturmak, göwün gandyryjy kämillige eltmez» diýip, jogap beripdir.

## 69. MÄTÄÇLIK BIR GOWY ZAT

Söz ussady Abu Bekr Horezmi heran-haçan toýdur märekede, mejlisdir saz-söhbetde: «Mätäçlik bir gowy zat, şondan aýyrmasyn» diýip, dileg eder eken. Maý tapsa, sözüniň arasyna goşup, mätäçligi üçin şükür edipdir. «Alym aýdýan bolsa, bir hikmeti, syry bardyr, heniz biz düşünýän däldiris» diýip, adamlar hem bir meýdan bu gürrüňe gulak gabardyp gezipdirler. Emma, sözde şeýle bir täsir bolýar, gulagyňa bir ileninden soňra, onuň anygyna ýetmeseň, ynjalyk tapaňok. Ahyry adamlaryň käbiri alymyň ýanyna baryp:

«Il-gün mätäçlikden aýyrsyn» diýip, gije-gündiz Alladan dileýär, sen bolsa olaryň tersine, mätäçlikden aýrylmajak bolýaň. Şu sözi näme üçin öwran-öwran gaýtalaýandygyňy düşündiräýmeseň, biz-ä zada düşünmän, barha kejigip barýarys. Anyk habaryny eşidip, ýüregimizi bir ynjaldaly» diýipdirler. «Mätäçlik bir gowy zat, şondan aýyrmasyn. Ýöne men mätäçlik diýemde, özgelere el serip, gün görüp ýörmegi göz öňünde tutamok. Käteler kimdir birine nämedir bir zat üçin mätäç bolmasak, onda adamlaryň arasyndaky ysnyşykly, mähir-muhabbetli gatnaşyklar ýiter giderdi. Eger-de bizde hemme zat ýerbe-ýer we gülala-güllük bolsa, hiç zada mätäç bolmasak, onda ne Ýaradany ýatlardyk, ne-de bendesini. Öz başymyza bir töwra bolar ýörerdik. Mätäçlik welin, biziň birek-birege iş salşyp durmagymyza, hal-ahwal soraşmagymyza, didarlaşyp durmagymyza sebäp bolýar. Eger-de sizde hem şol sözüň anyk manysyny bilmeklige zerurlyk, mätäçlik ýüze çykmadyk bolsa, onda bu hakda ençeme wagtlap kelle döwmezdiňiz ýa-da iň bolmanda meniň ýanyma salama-da gelmezdiňiz. Hut şonuň üçinem, adamlary birek-birege baglanyşdyryp, gatnaşyklary berkidip duran mätäçlikden bizi aýyrmasyn» diýip, alym jogap beripdir. Adamlar bu sözleri eşidip, uludan demini alypdyrlar.

## 70. NAZARY KERAMATLY PIR

Şam illerine dünýäniň çar künjünden jem bolan alymlar, söwdagärdir syýahatçylar şol ýerdäki hanakalaryň birinde öz illeriniň alymlaryny magtap, taryplap oturan ekenler. «Biziň ilimizde şeýle bir alym bar, elinde üç ýyl okasaň, gaýry ýerdäki dokuz ýylky bilimi gazanýaň» diýse, ýene biri «Biziň ilimiziň alymlary bir okan, eşiden zatlaryny hiç wagt ýadyndan çykarmaýarlar. Şägirtlerini hem şol usulda ýetişdirýärler» diýipdir. Garaz, her kes öz alymlarynyň özgelerden tapawutlanýan, saýlanýan tarapyny taryplapdyr. Ýene bir ýurduň wekili: «Bilýäňizmi näme, biziň ilimizde şeýle bir keramatly adam bar, ol eli bilen başyňy sypasa, eýýäm berekedi ýokýar. Ol örän keramatly» diýipdir. Bu ýerde Horezmden baran jahankeşdeler

hem bar eken. «Haý, duraweriň, keramat mertebesine Horezmden öňňe eýe çykjak ýokdur. Biziň ilimiziň bir alymy bar, ol nazary bilen adamy öwlüýä derejesine – keramata eýe edýär. Diňe ynsanlara däl, guş-gumrulardyr janly-jandarlara hem täsir edýär. Eger şuňa bäs edip biljek ýekeje alymyňyz bar bolsa, aýdyberiň» diýipdirler. Emma hiç kimden ses-seda çykmandyr, çünki nazary bilen öwlüýä mertebesine eýe edip bilen Nejmeddin Kubranyň at-owazasy şonsuzam ol ýerlere mälim eken.

## 71. GAZANDA NÄME BAR BOLSA...

Abu Bekr as-Sulynyň at-abraýy, şöhraty, çawy yklymlara ýaýran eken. Ol küşt oýnundan daşary, edebiýatdan, suhangöýlükden hem juda ezber, ussat eken. Halyf ony özüniň baş maslahatçysy edip ýanyna alanyndan soňra, oňa gyýa göz bilen garaýan adamlar artyp ugrapdyr. Abu Bekriň halyfyň ýanyndaky hormatyna ilki bilen onuň meslekdeşleri – öz ýoldaşlary bahyllyk edipdirler. Olar her edip, hesip edip, Abu Bekriň elini işden sowaşar ýaly etmegiň kül-külüne düşüpdirler. Bir gün göwnünde kine daşy baslygyp ýatan wezirleriň biri Abu Bekr as-Sulynyň ýanyna barypdyr. «Hormatly wezir, köşgüň içinde hem-de il arasynda adyňyza aýdylýan hoşamaý sözleriň çeni-çägi ýok, hemmeler siziň iş alyp barşyňyza haýran galýar, emma ilçilik, muňa düşünýän bar, düşünmeýän bar, hatda töwerekde, golaý-goltumda hem käbir adamlar gepiňizi edäýýän ýaly... » diýipdir. Abu Bekr as-Suly muňa ýylgyrypdyr: «Müň dürli ýagşylyk edibem, ähli kişiniň göwnüni görmek mümkin däl, emma ýekeje näşükürlik ýa-da adyňa aýdylýan ýaramaz söz ýagşy amaldan eliňi sowaşdyrmaly däldir. Eger-de her gepe gulak güýdüp, damak ýyrtyp otursam, onda bu wagt meni bu ýerde däl-de öz şäherimde hammal hökmünde tapardyň. Düşünýäne-de, düşünmeýäne-de, hatda eden ýagşylyklaryňy görmezlige salyp, kejirlik edýäne-de geçirimlilik edip bilmek uly häsiýet. Onsoňam, ýedi yklymlary soran hökümdarlar hem ýedi bent derwezeleri bagladan bolsalar-da, olar hiç wagt adamlaryň agzyny baglap

bilen däldirler. «Gazanda näme bar bolsa, daşyna şol dökülýär». Ýerliksiz aýdylýan ýakymsyz sözler bizi uly maksatlardan dändirip bilmez. Goý, olar diýip-diýip, diliniň hözirini görsünler, biz bolsa edýän amalymyzyň» diýipdir. Hiç bir sözüň ony raýyndan gaýtarmajagyny, göwnüni çökermejegini bilensoň, wezir lapykeç yzyna dolanypdyr.

## 72. DÜNÝÄNI ÖZGERTMEK ÜÇIN

Sopy alymlarynyň biri Baýezit Bistamy ýaş wagty, dünýäni özgertmek isläp, gije-gündiz Ýaradandan gujur-gaýrat diläpdir: «Perwerdigärim, maňa şu dünýäni üýtgeder ýaly güýç-kuwwat ber!» diýipdir. Ol şeýtmek bilen ýer ýüzüni bir salymda derrew özgerdesi gelipdir. Az-kem ulalyp, aňy durlanyp başlan çaglary: «Meniň bu dileýän zadym gaty uly zat bolaýmasyn, diläp-diläp alan zadymy soň özüm çekip bilmesem, aýyp bolar, eýýäm ömrüň ýarpysy geçdi, men bolsa henize çenli bir zady hem üýtgedip bilmedim. Gowusy, Perwerdigärim, maňa öz maşgalamy özgerder ýaly akyl-paýhas, güýç-kuwwat bersin!» diýip, dileg edipdir. Ýigitlik ýelginlerinden saplanyp, akyly durlanyp başlanda, bir maşgalany özgertmegiň hem ýeňil-ýelpaý zat däldigine, hupbaty kän ýükdügine düşünipdir. Şol wagt ol bir maşgalany däl-de, bir özüni üýtgetmegi karar edipdir. «Özümi üýtgedip bilsemem, uly zat ahyry» diýipdir. «Perwerdigärim, maňa özümi üýtgetmäge erk-ygtyýar ber. Iň bolmanda maňa şuny bir miýesser et» diýipdir. Şol gije düýşünde oňa bir ylahy ýaň eşidilipdir: «Sen muny başda dilän bolsaň, bu wagta çenli bütin dünýäni özgerdip bilerdiň. Henizem bir pille, mundan soň iň bolmanda özüňi özgerdip bilersiň» diýipdir. Dünýäni özgertmek üçin ilki bilen özümiziň gowulyga tarap özgermegimiz gerek, iň bolmanda gowulyga ýykgyn etmegi ýüregimize düwmek gerek.

## 73. YLYM – ÝAGTYLYK

Uzak ýoldan gelen derwüşleriň biri Abdylla ibn Mübärek Merweziniň howlusynda düşläpdir. Iki sany ylym gory ýetik pir dünýä,

durmuş, ýaşaýyş, syrly ylymlar hakda uzak-uzak söhbete gümra bolupdyrlar. Jahankeşde derwüş gören-eşiden täsin gürrüňlerinden dür saçsa, Abdylla ibn Mübärek halypalaryndan alan öwdi hakda gürrüň beripdir. Iki ägirdiň söhbediniň soňy ylym we onuň gadyryny bilmeklige syrygypdyr. Söhbediň arasynda bular birek-birekden özlerini has geň galdyrýan zatlar hakda sorapdyrlar. Derwüş: «Men adamlara geň galýaryn, olar dünýä mülküne eýe bolsam diýýärler, emma şeýle mülke eýe bolmak we ony eliňde saklamak üçin ylmyň zerurdygyna welin pisint etmeýärler. Ylym – ähli ýoluň açary, hazynalaryň salgysy, hatda ýerlikli ylym arkaly ýönekeý zady hem altyna öwrüp bolýar» diýipdir. Abdylla hezretleri derwüşiň bu sözüni makullap: «Hak aýdýarsyň, ylym bir nur. Ol bize gerekli we ähmiýetli zatlaryň nirededigini görkezip duran ýagtylyk. Dünýä tümlüge bürenende hem ýene şol ýagtylyk ýol görkezýär. Ýöne, meni geň galdyrýan zat, adamlaryň aglabasynyň şol ýagtylyga tarap owsun atmaýandygy. Ylmy bilen meleklerden ýokarda bolmaly halyna, mör-möjeklerden hem pese düşüşine geň galýaryn. Hatda hiç hili akyly ýok çybyn-çirkeýlerdir mör-möjekler hem ýagtylyga tarap dyzaýar, ylmyň gadyryny bilmeýänler bolsa munuň tersine» diýip jogap beripdir.

## 74. DÜŞÜNIP, ŞÜKÜR ET

Piriň ýoluna eýerip, şägirtlige ýaňy başlan ýigitler özara gürrüň edip oturan ekeni: «Käteler durmuşdan zeýrenjek bolýarys, işlerimiz göwün diýşimizçe bolanokmy-nämemi, ýa bir müşgillik bilen pete-pet gabat gelsek, ony ýeňip geçmegi ýokuş görýärismi, agyr degýärmi, garaz, käteler şükür jylawy elden sypyp, zeýrenje beriläýýäs, zeýrenmek adamyň zannynda bardyr-da, birbada saplanyb-a bolanok. Her näme-de bolsa, «Beýigi gör-de, pikir et, pesi gör-de, şükür et» diýlen söz dadymyza ýetişäýýär. Teselli berýär. Şonda daş-töwerekdäki ýa-da tanyş-biliş käbir adamlar bilen öz günümizi deňeşdirip görýäris welin, ýene biziňkiden ganymady ýok, muňa-da şükür» diýşip, oturan ekenler. Şägirtleriniň bu söhbedini diňläp oturan Mäne baba: «Balala-

rym, nygmaty zyýada etmegiň ilkinji açary şükranalykdyr, şükür etmekdir. Teý oňarmasaňyz, özüňizi özgeler bilen deňeşdiriň, begenere artyk zady köp taparsyňyz, emma indi siz galaba halkdan bir gez ýokarda ýöremeli, deňeşdirip däl-de, şeýle nygmatlaryň özüňizde bihasap kändigine düşünip şükür ediň. Düşünip şükür etmegiň sogaby, deňeşdirme şükürden esse-esse artykdyr» diýipdir.

## 75. NALAÇLYK

Jalaý ýigitleriň biri Nejmeddin Kubranyň huzuryna barypdyr. «Tagsyr, men-ä ýaramaz endigimden saplanyp bilemok. Il ýanynda edebimi saklasam-da, ýer çolaryp başladygy, meni bolmasyz niýetler jylawlap başlaýar, nirä çapýanymy, näme edýänimi bilemok. Uzakdan bir gara göründigi, ýene-de menden salykatly adam ýok. Birini görüp durkam, şer işden saklanyp bilýän, emma maý boldugy, ýene ters ýola gaýşyp başlaýan. Nalaç gezip ýörün» diýipdir. «Ogul, aslynda bu hereket ikiýüzlüligiň alamaty, emma şeýle häsiýetiň bardygyny boýun almagyň we ondan saplanmaga ymtylyşyň ýagşy niýetiňden habar berýär. Her wagt ýanyňy alyp durjak adam tapylmaz, ýöne indiki gezek şeýle pişä barmak uzadanyňdan, derrew Asmana seret – şol ýerdäkini ýadyňa sal we seni biriniň gowy synlap oturandygyny ýatla, utan. Ýok, eger ol hem täsir etmese, onda aýagyň astyndaky topraga seret we ol ýerdäkileri – öten-geçen merhumlary ýadyňa sal we utan. Ana şondan soň çola ýerdigine garamazdan, özüňiň ýeke däldigiňi duýarsyň, bet işleriň asla golaýyna barmarsyň» – diýip, Nejmeddin Kubra jogap beripdir.

## 76. ÖZÜŇ ÜÝTGEMESEŇ, NETIJE ÜÝTGEMEZ

Abu Bekr Horezmi örän sowatly adam eken. Ylym-bilimde, edebiýatda şeýle uly mertebelere ýeten alym hemmeleri haýran galdyrypdyr. Onuň çeper sözlüligine öz döwründe taý tapylmandyr. Nesibesi dartyp, ençeme şäherlerde ýaşamaly we okamaly bolýar.

Ahyry şol döwürdäki ylym merkezleriniň biri Bagdada göçüp barýar. Bu ýerde halyfyň köşgünde uly abraý-hormatdan peýdalanýar. Şol döwürde şäheriň barjamly adamlarynyň birinde kätip bolup işleýän ýaş ýigdekçe Abu Bekr Horezminiň ýanyna barypdyr. «Ussat, günümden närazy halym ýok, emma mundanam has gowy ýaşasym gelýär. Muňa garamazdan käteler bir pikir iňkise gidirýär: «Meniň şu küýsegim kanagatsyzlyk bolaýmasyn» diýýärin. Göwnüm has gowusynda, gije-gündiz Alladan rysgal-baýlyk dileýärin, emma şu wagtky ýerimden hem aýrylasym gelenok. Bu ýerde maňa garaşyk edişleri, hak-heşdek berişleri ganymat. Men nädenimde mundanam has gowy ýaşap bilerin?» diýip sorapdyr. Abu Bekr Horezmi: «Ilki bilen pikiriňi üýtget, maksadyňy aýyl-saýyl et, soňra şoňa görä iş ýörediş ýoluňy sazla. Göwnüň has gowusyny küýseýän bolsa, munuň üçin gije-gündiz Ýaradandan dileýän bolsaň, şoňa laýyk hereket et. Ýüregiňe salynýan pikirlere gulak as. Öwrenişen zadyňa ýapyşyp otursaň, şu wagtkydan üýtgeşik netijäni tama etme. Özüň üýtgemeseň, netije üýtgemez. Onsoňam, has gowusyny islemek tamakinlik ýa-da kanagatsyzlyk däldir. Eger-de men has gowusyny islemedik bolsam, onda men durmuşda hiç hili üstünlik gazanyp bilmezdim, hatda şu derejäme hem ýetip bilmezdim. Eger-de has gowusyny islemedik bolsam, onda men öwrenen harplarymdan sanaýmalyja sözi ýerlikli ulanardym, başga zada baş galdyrmazdym, şygryýetiň gapysyny kakmaga milt etmezdim. Emma has gowusyna bolan islegim meni barha taplady we has gowy ýerlere hem getirdi. Üstesine-de «Özüm üýtgemesem, netijäniň üýtgemeýändigine» ýaşlykda akyl ýetirenim has köp peýda berdi» diýipdir.

## 77. ALTY HÄSIÝET

Müňlerçe şägirt ýetişdiren Kubra hezretleriniň howlusy hemişe jemendeden doly eken. Ussadyň şägirdi mertebesine eýe bolmak üçin diňe akyl-üşügiň, ukyp-zehiniň, ylma höwesekligiň ýeterlik bolman, haýsydyr bir hünärden baş çykarmak esasy şertleriň biri eken. Sebäbi

kimdir biriniň boýnunda oturman, öz iýjek-içjegiňi öz halal zähmetiň bilen gazanmak hökman saýylypdyr. Olaryň özlerini alyp barşy, edep-terbiýesi hem piriň ünsünde bolupdyr. Täze gelen şägirtlerine öwüt berende ilki bilen şu alty häsiýete pugta eýermegi tabşyrar eken: «Birinjiden, her öňýeten ýa-da geldi-geçer zatlara gaharlanyp ýörmäň. Onda göwnüňize ýaramaýan bir häsiýetiniň bardygy, gahar-kinä sebäp bolup bilmez. Ikinjiden, bimany we ähmiýetsiz sözleri aýtmaň. Üçünjiden, nämynasyp adama serpaý ýapmaň, nygmaty isrip etmäň. Dördünjiden, her öňýeteniň ýanynda syryňyzy ýaýyp ýörmäň. Bäşinjiden, hemmelere ynanyp ýörmäň. Altynjysy, ýagşy bilen ýamany, dost bilen duşmany saýgarmagy başaryň. Ilkinji duşmanyňyz bolsa şeýtandyr, şonuň üçin edýän işleriňiziň soňuny seljeriň» diýer eken

## 78. GURSAGYŇ GIŇLIGI - RYSGALYŇ GIŇLIGI

Bir gezek Ybraýym ibn Edhem ýol bilen ýöräp barýarka, ýüzünden gam damjasy ýagyp duran bir ýaş ýigidiň üstünden barypdyr. Daşyndan göräýmäge, süňňi sagat, jany gurat, emma gaýgy-gama ýan berip oturmasy piriň ünsüni çekipdir. Ýaş ýigidiň ýanyna baryp, onuň ýagdaýyny sorapdyr. Gün-güzeran aladasynyň başdan agdykdygyny, gazanç edere şertiň ýokdugyny aýdyp, ýigit ýüzüni aşak salypdyr. Ybraýym Edhem: «Saňa üç sowalym bar, şoňa dogry jogap berseň, saňa rysgyňy tapmagyň ýoluny salgy bereýin» diýipdir. Ýigit bu sözlere begenipdir. Ybraýym Edhem: «Heý-de dünýäde, durmuşda Allanyň islemedik ýagdaýy ýüze çykyp bilermi?» diýip sorapdyr. Ýigit: «Ýok, ýüze çykyp bilmez. Durmuşda näme ýüze çykýan bolsa, ählisi Allanyň erk-eradasy bilendir» diýipdir. «Ýagşy, saňa ikinji sowalym: Nämedir bir zat seniň maňlaýyňa ýazylan rysgaly egsip bilermi?» diýip, pir ýene sorag beripdir. Ýigit: «Ýok, hiç bir zat maňa takdyr edilen zady menden sowubam bilmez, nesibämden alybam bilmez» diýip, jogap beripdir. «Ýagşy, onda saňa üçünji sowalym bar, nämedir bir zat saňa ýazylan ömürden ýekeje pursady ogurlap bi-

lermi?» diýip, pir üçünji soragyny beripdir. «Hiç bir zat meniň görmeli, meniň ýaşamaly ömrümiň pursatlaryny ogurlap bilmez» diýip, ýigit aýdypdyr. «Ýeri, onda näme üçin gaýgy-gama batyp, tukat otyrsyň. Durmuşda bolýan her bir zat, her bir waka biziň barha taplanmagymyz we dogry ýola düşmegimiz üçin ýüze çykýar. Bolýan zatlaryň ählisi biziň diňe bähbidimize. Ýeriňden tur, üst-başyňy kakyşdyr we ýola düş. Gursagyňy giň tut. Esasy syr şu zatda – rysgalyň giňligi gursagyň giňligi bilen ýüze çykýandyr» diýip, Ybraýym Edhem oňa ömrüne degýän öwüt beripdir.

## 79. KERAMAT ÇYRASY

Ussat alymlaryň biri Kasym ibn Muhammet türkmen alymy we serkerdesi Abdylla ibn Mübärek bilen sapara çykypdyr. Ýolboýy Kasym ibn Muhammediň serinde bir pikir tüweleý ýaly köwsarlap, oňa hiç ynjalyk bermeýän eken: «Il içinde şeýle uly abraýa eýe bolar ýaly Abdylla ibn Mübärek bizden üýtgeşik nämäni başarýarka?! Namaz okaýar diýseň, namazy bizem okaýarys. Kitap okaýar diýseň, kitaby bizem okaýarys. Agyz bekleýär diýseň, bizem säher selälige turup, agyz bekleýäris. Söweşe gatnaşýar diýseň, bizem elimize naýzadyr gylyç alyp, söweşe gatnaşýarys. Haja gidýär diýseň, bizem haj parzyny berjaý edip gördük. Bu adamyň bizden artyk ýeri nämekä?» diýip, bar ünsi-pikiri Abdylla ibn Mübärek hakda eken. Olar Şama barýar ekenler we ýol ugrunda bir öýde düşläp, gijesini şol ýerde geçirmegi müwessa bilipdirler. Ýarygije söhbediň mazaly gyzan wagty çyranyň ýagy gutarypdyr-da, onuň ýagtylyk berip duran peltesi öçüpdir. Adamlaryň birnäçesi ör turup, bir tär bilen çyrany ýakmagyň ugruna çykypdyrlar, emma daş-töwerekden ýa-da golaý-goltumdan derde ýarar ýaly zat tapmandyrlar. Halys alajy bolmansoň, hemmeler eli boş yzyna dolanypdyr. Kitaply söhbediň bolsa arasyny üzer ýaly däl eken, ol juda gyzykly eken. Hemmeler dolansa-da, Abdylla ibn Mübärek wagty bilen gara bermändir. Birhaýukdan soňra jowur ak

* 34. Sargyt № 975

sakgaly gözýaşa ezilen Abdylla ibn Mübärek eli ýagty çyraly öýe giripdir. Hemmeler muňa haýran galypdyr. Özi aýtmasa-da, oturan adamlar soramasa-da, olaryň göwünlerine ornan bir pyşyrdy bu çyranyň Abdylla ibn Mübäregiň keramaty bilen ýakylandygyny welin ynandyrypdyr. Bu ahwalaty gören Kasym ibn Muhammet şondan soňra ýolboýy özüni biynjalyk eden garjaşyk sowallardan halas bolup, ussat alymyň beýikligini ýüregi bilen ykrar edipdir. Bu şeýle-de bolaýmaly, beýiklik gözden gizlin galmaýar, ol haçandyr bir wagt nähilidir bir wakanyň üsti bilen ykrar ediler ýaly röwüşde ýüze çykýar.

## 80. GUŞ RYSGY

Bir gezek Mälikşa ýanynyň leşgerleri bilen uzak ýola ýörişe çykypdyr. Ýörelmedik ýerlerden ýol ýasap baryşlaryna olar gizlin dag geçitleriniň arasynda, görer gözden pynhan ýerde ullakan bir hazynanyň üstünden barypdyrlar. Soltan nökerlerine we hammallaryna ähli hazynany arabalara ýüklemegi buýrupdyr. Az salym ýöränlerinden soňra, gür ilatly bir obanyň gyrasyndan çykypdyrlar. Soltan ýaňky hazynalardan, tylla-kümüşlerden her esgeriň paýyny bereninden soňra, galan ähli zady oba ilatyna paýlamagy buýrupdyr. «Soltanym, beýle tarhandökerlik etmäliň, munça hazynany şeýle berip goýbermek akylly iş bolmasa gerek. Döwlet hazynasyny doldurmak üçin haýry-nepi köp bolardy» diýip, wezir-wekiller soltany bu pikirinden gaýtarmaga dyrjaşypdyrlar. Emma soltan raýyndan dänmändir: «Biziň rysgymyz guşuň rysgaly ýalydyr, guş hiç zady gaýgy etmez, ir bilen höwürtgesinden aç garnyna uçup gider, agzy dolubam dolanar. Töwekgeliň işini Taňry oňarar. Gerek rysgalymyz aýny wagtynda öňümizden çykar. Şol wagt paýymyz Asmanda bolsa, Ýere düşer. Ýeriň astynda bolsa, ýüzüne çykar. Uzakda bolsa, golaýa geler. Golaýda bolsa, almasy ýeňil düşer. Az bolsa, köpeler. Köp bolsa, barha berekedi artar. Şeýle paýdyr nesibe bilen gurşalyp durkaň, rysgaly gaýgy etmek hata bolar» diýip, Soltan Mälikşa jogap beripdir.

## 81. ÝOLBARSLY HIKMET

Keramatly pir Nejmeddin Kubranyň huzuryna gelen ýaş ýigitleriň biri okap-öwrenen zatlarynyň ýadynda galmaýandygyndan zeýrenipdir. Dura-bara onuň özünden göwni geçip, lapykeçligi umydyndan rüstem çykyp başlapdyr. Şägirdiniň içki hysyrdylaryny daşyndan aňýan keramatly pir, ony ýanyna çagyryp, ahwalyny sorapdyr: «Tagsyr, ylym isläp geldim, emma soňky günler başarnygyma güman edip başladym, ýatkeşligim kütelýär, okan zatlarym doly ýadymda galanok, alajyny bolsa teý bilemok» diýipdir. «Bu diňe sende däl, ol ýagşy işe ýol goýan her bir adamda bolýan ýagdaý. Uly höwes bilen işe girişersiň welin, az salymdan oslagsyz bir ýerden gümandyr ikirjiňlenme peýda bolup başlar. Ine, şu ýagdaý ilkinji we iň esasy synagdyr. Kim şu synaga hötde gelmese, ondan üstün çykmasa, derrew maksadyndan dänýär. Haýyrly işlerem bitmän galýar. Eger-de şeýle ýagdaý ýüz berende, ol pikirlere per bermän, asyl maksadyňy gözden salman, ýene erjellik bilen dowam etseň, saýlan ýoluňa berk ýapyşsaň, ýaňky ünjüler dumany syrylar gider. Öňüňde haýyrly maksadyň barka, ownuk-uşak aladalara hem, ýagşy niýetiňden sowmak isleýän adamlara hem ähmiýet berme. Hemişe ýolbars ýaly bolgun. Çybyn-çirkeýler onuň göz-gaşyna gonup, ünsüni bozmaga synanyşarlar, emma ýolbars olara ähmiýet bermän, diňe öz awuna – öz maksadyna nazaryny diker oturar. Şeýdibem öz isleýän zadyny gazanar» diýip, pir jogap beripdir. Halypasynyň hikmetli sözleri şägirdini galkyndyrypdyr. Aýtmaklaryna görä, ol şägirt soňlugy bilen piriň iň ökde talyplarynyň biri bolup ýetişipdir.

## 82. TÜMLÜGE GÖZÜŇ ÖWRENIŞSE

Günleriň birinde Abdylla ibn Mübärek şägirtleriniň biri bilen uzak ýola sapara çykypdyr. Gün ýaşyp, garaňky gatlyşyberende, gije ýol ýöremegi uslyp bilmän, golaý-goltumdaky bir guýynyň ýanynda goş ýazdyrypdyrlar. Olaryň biri ylym ýüki ýetik dana, beýlekisi ýaňy bu ýola düşen şägirt. Olaryň arasyndaky her bir söz, pikir, garaýyş

durşuna paýhasa ýugrulan eken. Bimany ýa-da howaýy jümleler olara düýbünden ýat zat bolupdyr. Agşamlyk edinensoňlar şägirdi Abdylla ibn Mübärege: «Köpräk eglenseň, garaňkylyga hem gözüň öwrenişýän eken, hemme zady aýyl-saýyl görüp bolýar» diýipdir. Halypasy bu sözleri başgaça äheň bilen dowam etdiripdir: «Hak söz, tümlükde uzak saklansaň, oňa-da gözüň öwrenişýär, emma garaňkylyk her bir zadyň diňe suduryny görkezýär, ap-aýdyň görkezmeýär. Barybir ýagtylyga taý geljek zat ýok, edil ylym bilen sowatsyzlyk ýaly, näçe köp okadygyňça, her zada aýdyň göz ýetirýärsiň. Eger-de diňe harp öwrenip, okap bilýäniňe kanagat edip otursaň, onda durmuşyň hem diňe suduryna düşünip bilersiň. Köp okamak, köp öwrenmek gerek» diýip, Abdylla ibn Mübärek jogap beripdir.

## 83. HALALLYK

Abdylla ibn Mübärek hezretleri söweşe ugramazynyň öňüsyrasynda bedewine atlanjak bolup duran eken. Birdenkä ol öz malynyň goňşy atyzdan bir agyz maýsa iýenine gözi kaklyşypdyr. Ol: «Watan goragy mukaddes zatdyr. Beýle mukaddeslige ugrajak bolup durkam, her zadymyň halallygy wajyp. Men bu maly şol goňşyma sowgat bersem, halalladygym bolar» diýipdir we pikir edişi ýaly hem ýerine ýetiripdir. Alym watansöýüjiligi iň mukaddes duýgy hasaplap, Watana dahylly bir iş etjek bolsa süňňüniň we köňlüniň hemişe halal, arassa bolmagyny ileri tutupdyr.

## 84. GUDRAT WE GEÇIRIMLILIK

Soltan Mahmyt Gaznalynyň ýörişleriniň birinde älem-jahany gara bulutlar gaplap alypdyr. Ýerli porhanlar, jadygöýler we tilsimbazlar Soltanyň goşunlarynyň öňe ilerlemegine, öz ýurtlarynyň jümmüşine aralaşmagyna päsgel bermek üçin ähli hokgalaryny, pirimlerini ulanyp, howany bulaşdyrýan ekenler. Şeýdip, Mahmyt Gaznalynyň goşuny çar tarapy daglyk bilen örtülen gür tokaýlygyň içinde gabalyp galyberipdir. Zemin bilen Asman arasyny tutan we

birnäçe gün bäri dowam edýän ýagyş-ýagmyrdyr ümür-dumandan ýaňa haýsy tarapyň Kybla, haýsy tarapyň gaýradygyny hem aňşyrar ýaly bolmandyr. Soltan ähli müneçjimlerini, alymlaryny, harby serkerdelerini çagyryp, geňeş edipdir, bu ýagdaýyň çykalgasyny sorapdyr, emma orta atylan pikirleriň bary netijesiz tamamlanypdyr. Soltan birsellem oýurganyp oturypdyr. Soňra dyzyna kakyp: «Wah, bar günä özümde, ilki etmeli zadym iň soňunda akylyma gelýär. Her zadyň alajyny adamlardan öňürti Alladan dilemegim gerek ahyry. Töwekgelligimi puç etmäýin» diýipdir. Soňra bir gyra çekilip, Perwerdigäre mynajat edip başlapdyr: «Eý, Ýaradan Allam, säwligimiz sebäpli, bize gudratyňy görkezdiň, indi geçirimliligiňi hem görkez. Çünki Seniň geçirimliligiň gazabyňdan rüstemdir» diýip, dileg-doga edipdir. Täsin ýeri, şondan soňra tiz wagtda howa açylyp, daş-töwerek mazaly durlanypdyr. Soltan bolsa töwekgelçilige ýugrulan ýeňişli ýollaryna tarap ugur alypdyr.

## 85. ÝÜREKDEN ISLEMEK

Ylmy bilen zamanasyny aňk eden türkmen alymy Abu Nasr Faraby özüniň taý tapylmaz zehinidir ukyby bilen mal-mülk gazanmaga ýagdaýy bolsa-da, gündelik azyk-owkadyny üpjün etjek dört dirhem bilen mydar edipdir. Bir gezek ol gaty çöregi suwa ezip, iýip oturan eken. Tanyşlarynyň biri şeýle düşünjeli we sowatly alymyň gaty çörek bilen ýürekselik edinýändigini görüp, oňa degmek isläpdir. «Halypa, naz-nygmatdan doly saçaga eýe bolup bilýärkäň, gaty çörek bilen oňňut etmek oňlanýan zatmydyr? Git-de, wezirden köpräk zat sora, zähmetiňe görä eçilenini al, iý-iç, garnyňy göje. Men-ä haýran, bu gaty çöregi nädip işdäň alýar?» diýipdir. Alym bu sözleri parahat diňläp oturypdyr. Soňra: «Iýmekden, garaz, açlygyňy gidermek bolsa, el ýaly çörek ýeterlik. Nahar iýlende aşgazany üçe bölmeli: iýmit üçin, suw üçin we dem üçin, ýagny dem alara ýer goýmalydyr. Onsoňam, men-ä işdäm alýança tagapyl edäýýän. Işdäm alýança iýemogam. Mazaly ajygaňsoň, işdämenlik bilen iýýän her bir höregiň

lezzeti-berekedi düýbünden başgaça bolýar. Bu ýagdaý iş we ylym babatda hem şeýledir, ýürekden höwes edip, yhlas bilen ýapyşýan her bir zadyňy, hatda ol ýönekeý gum hem bolsa, huma öwrüp bolýar. Esasy zat – ýürekden isläp ýapyşmak» diýip, alym jogap beripdir.

## 86. ÝAGŞYLYGYŇ LEZZETI

Her ýyl haj möwsümi gelende Abdylla ibn Mübäregiň howlusyna onuň goňşy-golamlary, dost-doganlary jemlener eken. «Halypa, bizi hem gözden salmaweri, ýanyň bilen zyýarata alyp git. Ýol harjymyzyň ählisini, ine, size ynanýarys. Hasap-hesibini hem özüňiz ýöredeweriň» diýşipdirler. Abdylla ibn Mübärek olaryň pikirlerini makullap, beren pullaryny ýygnap alypdyr. Soňra hiç kime bildirmezden alan her pulunyň ýanyna eýesiniň adyny ýazypdyr-da, olaryň ählisini bir sandygyň düýbüne atypdyr. Soňra bazara baryp, haj zyýaratyna gidip-gelere ýarajak birnäçe ulagdyr düýäni kireýne tutupdyr. Ildeşlerini hem ýanyna alyp, Käbä sary ýola düşüpdir. Ilki bilen Pygamberimiziň ýatan ýerine zyýarat edipdirler. Zyýarat bitenden soň, ýoldaşlaryny ýanyna alyp, olary Medinäniň bazaryna aýlapdyr: «Çagalaryňyz sizden näme sargapdy? Nämäni gowy görýärdi?» diýip sorapdyr. Ýoldaşlarynyň her biri özlerinden sargalan zady aýdansoňlar, Abdylla ibn Mübärek şonuň hem iň gowusyndan saýlap, satyn alar eken. «Halypa, pulumyzyň ýagdaýyny özüňiz bilýäňiz, ýetenjesini algyn» diýýän ýoldaşlaryna, «Ýogsam näme, men hem diňe şeýdýän-dä» diýip jogap beripdir. Soňra Mekgä baryp, Käbede ähli haj parzlaryny bitiripdirler. Mekge bazarynda hem hut şol ýagdaý gaýtalanypdyr. Hem zyýarat, hem söwda-tijarat bilen geçirilen günlerden soňra, bular öz illerine dolanypdyrlar. Üç günden soňra Abdylla ibn Mübärek ildeşlerini öz öýüne zyýapata çagyrypdyr. Hezzet-hormatdan soňra, olara Mekge-Medineden satyn alan zatlaryny gowşurypdyr. Soňra bolsa hälki sandygy getirmeklerini buýrupdyr. Ildeşleriniň ählisiniň puluny özlerine gaýtaryp beripdir. Hajylar bu ýagdaýa geň galyp, birbada aňk-taňk bolupdyrlar. Mekge-Medinäniň

bazarlarynda «Maňa ol gerek, bu gerek» diýip aldyran zatlarynyň öz pullaryndan däl-de, halypalarynyň hasabyndan alnandygyna göz ýetirip, äm-säm hala düşüpdirler. Iň bolmanda, öz pullaryny bir doly almagy haýyş edipdirler. Emma Abdylla ibn Mübärek hersiniň puluny özlerine gaýtaryp beripdir: «Bu harçlar meniň sadakam bolsun. Eger-de kimdir birine zerre ýagşylyk etmekden neneňsi lezzet alýandygymy bilsediňiz, bu puluňyzy desbi-dähel yzyna alardyňyz. Ýagşylygyň lezzetinden datly zat tapmarsyňyz. Meniň üçin iň uly begenç – başardygymdan ýagşylyk etmek» diýip, ussat jogap beripdir.

## 87. AMALSYZ ARZUW

Sopy pirleriň biri Baýezid Bistamynyň ýanyna bir adam gelipdir. «Siziň tälim-taglymatyňyz meniň bar ömrümi weýran etdi. Ýigrimi ýyl mundan ozal, ylym öwrenmek üçin bosagaňyzdan ätlämde, maňa üç zady pugta sargadyňyz – hiç hili baýlyk soramasaň, onuň özi geler durar. Hiç zat gözlemeseň, onuň öz-özi tapylar durar. Hiç gyzy küýsemesiňiz – iň owadan näzenin nesibäňiz bolar – diýipdiňiz. Ondan bäri laýyk ýigrimi ýyl geçdi. Owadan jenan-ha beýle-de dursun, betgelşik biri-de geläýse nädersiň. Baýlyk hakda-ha asla aýdyp oturmaýyn. Şunça ýyllap sabyr etdim, halys lagşadym. Emma aýdan zatlaryňyzyň biri hem hasyl bolmady. Ýeri, indi näme maslahat berýäňiz?» diýipdir. «Sen arzuwlara öte gyzygyp, esasy zady duşuňdan geçiripsiň. Baýlyk soramansyň, emma «häzir öz-özünden peýda bolar» diýip garaşyp oturypsyň. Zenan soramansyň, emma «häzir bir owadan gyz gapydan girer» diýip, gultunyp galypsyň. Men saňa amal bilen berkidilmedik islendik arzuwyň gury hyýaldygyny aýdyp, netijä üns berme-de, esasan, yhlasyňa üns ber diýipdim. Yhlasyň jaýdar bolanda, netijäniň gitjek ýeri bolmaz. Diňe netijä garaşyp, zähmetiňi ýatdan çykarsaň welin, ýene ýüz ýyldan gaýdyp geleniňde hem eliň boş bolar» diýip, Baýezid Bistamy hezretleri jogap beripdir.

## 88. GARAŞAN WAGTYŇDA DÄL, GEREK WAGTYNDA...

Her halda şükürli bolmak uly derejeleriň biri. Bolýan wakalaryň syrly hikmetine aýdyň göz ýetirýän pirler üçin bolsa bu adaty zat. Bir gezek Nejmeddin Kubranyň şägirtleriniň biri kerwene daklyşyp, onuň tabşyrygy bilen uzak ýola sapara çykypdyr. Ep-esli ýöränsoňlar, garaňky gatlyşypdyr. Golaý-goltumda oba-gara bolmansoň, kerwendäkiler şol ýerde düşlemegi müwessa bilipdirler. Howanyň çigrekligi bulary az-kem aljyradypdyr. Töwerekden tutaşdyrlyk odun tapmak hem hyllalla bolupdyr. Garaz, ahyry bir saý-sebäp bilen oňşarlyk odun çöpläpdirler. Boldugyndan nahar-şor edinipdirler. Kerwendäkiler az-kem zeýrenip başlapdyr. «Hernä, sag-aman menzilimize bir aşsak, ýogsam bu sowuk aldajy ýaly, gagşadyp goýanok. Irgözinden ýola düşen bolsak, belki-de bu çola ýerde düşlemezdik» diýşipdirler. Emma piriň şägirdi zeýrenmek beýle-de, dursun, Hudaýa senalar aýdyp, şükür edip oturan eken. «Biz-ä şeýle zyýada şükür eder ýaly ýagdaý göremzok. Gijäniň tümlügi. Gyşyň aňzagy. Daşymyzda köwejekläp ýören aç möjekler. Ýeri, şükür eder ýaly näme bar?» diýşip, adamlaryň käbiri geňirgenipdir. «Ýaradan bize näme görkezýän bolsa, bizi synamak ýa-da taplamak üçin görkezýär. Hikmetsiz çöp başy gymyldamaz. Biz şu mahal nähili ýagdaý bilen gurşalan bolsak, bu biziň üçin iň haýyrly ýagdaýdyr. Şükür edýänlere mundanam gowusy garaşýandyr. Onsoňam, Allanyň enaýaty biziň oňa garaşan wagtymyz däl-de, tüýs bize gerek wagty, aýny wagtynda gelýändir» diýip, şägirt jogap beripdir.

## 89. ADALAT WE ŞEPAGAT

Bir gün nökerleriniň biri Soltan Sanjara goltuk doly garpyz getirip beripdir. Soltan ondan bu hasyly nireden alandygyny soranda, «Pylan ýerde düme ekini bar eken, şondan aldym» diýip, jogap beripdir. «Ol ekinler saňa degişlimidi?» diýip, soltan azmly sorapdyr. Şa haýbatynyň öňünde ejizlän nöker sandyrap durşuna, zordan: «Ýok, soltanym, ol maňa degişli däl» diýip, jogap beripdir. «Onda seniň bu

pyglyň ogurlyk bolýar» diýip, soltan dillenipdir. «Her kim eýesinden birugsat onuň bagyna ýa bakjasyna girse, kişiniň emlägine el ursa, ondan her hili pyssy-pyjurlyk çykyp biler. Nädürs hereketleriň öňüni almasak, ol bitmeýän baş ýalydyr, bedeniňe bir ýaýrasa, gutulmak çetin bolar. Goý, soňuny saýman eden bu etmişiň hemmelere sapak bolsun» diýip, soltan ony jezalandyrmagy buýrupdyr. «Ýöne, soltanym, men eýesi gelýänçä diýip, ýarym gün garaşdym, emma gara bermänsoň, birini göterip gaýtdym, günämi ötüň» diýip ýalbarypdyr. Beýleki wezir-wekiller hem nökeriň günäsini ötmegi soltandan haýyş edipdirler. Hatda soltanyň iň hormatly weziri hem şeýle towakga bilen ýüz tutupdyr, emma soltan sözünden dänmändir: «Onuň günäsi juda agyr» diýip, ýüzüni sowupdyr. Wezir oňa: «Günäsiniň uludygy üçin sizden towakga edýäris, ownuk-uşak günäleri töwellasyz hem geçip bolýar» diýipdir. Bu söz soltanyň maňzyna batansoň, oňa agyr jeza derek ýeňilräk temmi bermeklerini buýrupdyr. Soňra: «Her näçe göwün küýsäp dursa-da, eýesinden bidin bir zada hem el urmaly däl. Adalat soltanyň şepagatyndan üstün bolmalydyr» diýip, jar çekdiripdir.

## 90. TAPYLGYSYZ BOSSANLYK

Soltan Mahmyt Gazna şäherinde örän uly bag-bossanlygy bina etdiripdir. Zeminiň ýedi yklymynda bitýän öt-çöpdür daragtlar, hoş owazly dürli guşlar bu bagyň zynatyna öwrülipdir. Bossanlygyň gurluşyk hem timar işleri bitensoň, Mahmyt Gaznaly kakasy Söbüktegini bu baga gezelenje çagyrypdyr. Şahana desserhanlar ýazylyp, uly hezzet edilipdir. Soltanyň gurduran Gazna bagy jennetden bir parça ýaly bolup durmuşyn. Hezzet-hormatdan, duz-tagamdan soňra Soltan Mahmyt kakasyndan bu bag hakdaky pikirini sorapdyr. «Eziz ogul, bu bagyň howasy şeýle bir näzik. Guşlaryň sesi göwün açyjy, emma beýle bagy gurby bolan islendik adam bina edip biler. Hökümdarlar her kesiň gurup bilmejek we miwesi özge baglarda tapylmajak bag-bossanyny gurmalydyr» diýipdir. «O nähili bag? Salgysyny berseň, öwüt-sargydyňy ýerde goýmaryn» diýip, Soltan Mahmyt

sorapdyr. «Ol bagyň miweleri şeýle bir datly, şeýle bir enaýy, hatda gyşyň aňzagy, tomsuň jöwzasy, ýazyň ýeli, güýzüň şemaly hem ol miwelere hiç hili täsir edip bilmeýär. Bu bossanlygyň topragy – ýagşyzadalaryň, akyldarlaryň, alymlaryň we şahyrlaryň ýüregidir. Bu bossanlygyň daragtlary – jomartlyk we ýagşylyk nahallarydyr. Ana, sen şeýle bossanlygy hasyl etseň, bu babatda hiç kimse seniň bilen bäs edip bilmez» diýip, Söbüktegin jogap beripdir.

## 91. ARASSA PIKIRLERIŇ PEÝDASY

Öňki döwürde mugallymlar öz şägirtlerine ilki bilen dogry, dürs we sagdyn pikirlenip bilmegi öwreder ekenler. Dürli durmuş wakalary, synaglary bilen okuwçylarynyň ruhy dünýäsini taplamagyň hötdesinden gelipdirler. Çünki päl-niýetiň ynsan durmuşyna, ösüşine, dünýägaraýşyna nähili täsir edýändigi göre-göre gelinýän aýdyňlyk ahyry. Şeýle günleriň birinde ussat pir Mäne baba şägirdini ýanyna çagyrypdyr. «Sen gaýraky syrgynda oturýan pylany hakda nähili pikir edýärsiň?» diýip, häsiýeti ýaramazrak biriniň adyny tutupdyr. Şägirdi desbi-dähel jogap beripdir: «Men ony gowy tanaýaryn. Häsiýeti ýaramaz, gödek. Paýyş sözleri diline almakdan çekinenok...» diýip, dowam edipdir. Halypasy şägirdini soňuna çenli diňläpdir, soňra: «Hany sen şol hakda ymykly pikirlen, on gün puryja berýärin, menem ol ýigidi gowy tanaýyn-la» diýipdir. Bellenilen möhlet tamamlanypdyr. Mäne baba şägirdini ýanyna çagyryp, ondan pikirini sorapdyr. «Şol öňki pikirlerim barha berkedi gitdi, has çuňňur düşünip başladym, ol diýseň ýaramaz adam» diýip, şägirt dillenipdir. Halypasy söhbediň arasynda gürrüňiň hörpüni başga tarapa gönükdiripdir. «Hany sen aýt, saglyk, iş ýagdaýlary, özüňi duýşuň gowumy? Arkaýyn ýatyp, säher bilen dessine ýeriňden galkýarmyň?» diýen ýaly soraglar beripdir. Şägirt: «Dogrusyny diýsem, howalar üýtgeýärmi, ne ukymda rahatlyk, ne dynjymda maza bar. Edenimem boluberenok. Göz degdimi, jyn urdumy, çile düşdümi, garaz, bir bolmaýan zat-ha bar» diýipdir. «Onda sen ýaňky adam hakda diňe gowy pikirleri hem edip gör,

şonda nähili bolýar» diýip, halypasy şägirdine sargapdyr. «Ýöne men onuň erbetdigini bilip durun ahyry» diýip, şägirt kejirlik edip, ýer depip duranmyşyn. «Bilýänem bolsaň, diňe gowy taraplaryny görjek bol. Mysal üçin, gördügiň gaçma-da, ilki özüň salam berip gör, belki, göwni-ýüzi açylar. Özüň ýaly gör, özüne bolan ynamy artar. Bolup biläýjek gowy taraplaryny göz öňüne getir. Saňa on gün möhlet» diýipdir. Ýene-de bellenilen gün gelip ýetipdir. Halypa şägirdinden şol adam hakdaky pikirini sorapdyr «Göräýmäge erbedem däl ol, gaýta käbir taraplaryny alsaň, menden artygam gelýär, ine, şu häsiýeti.., ine, bu häsiýeti..» diýip, bilýänjelerini sanapdyr. Halypasy: «Ýeri, onsoň özüňi duýşuň nähili?» diýipdir. «Hudaýa şükür, düýp sebäbini bilemok weli, ýöne ähli zat ugruna. Ukularym rahat, ne gara, ne garma-gürmelik basýar...» diýip dillenipdir. Şonda halypasy oňa: «Bu zatlaryň düýp sebäbi kelläňde göterýän pikirleriň, ýürekde saklaýan niýetleriň sebäpli. Şolar arassa, tämiz we owadan bolsa, arşdan şoňa laýyk nur gelýändir, işler ugrugýandyr. Ýaramaz pikir etdigiň, nuruň egsilip, galaň gädilip başlandygyny duýaý. Ýaramaz adamam bolsa, sen ol hakda ýaramaz pikir saklama. Iň bolmanda öz edýän arassa pikirleriň bilenem bir bendäni dogry ýola salyp bolýandygyny unutma. Hem sogap, hem gönençlik taparsyň» diýipdir.

## 92. ÝAGŞY NIÝETLER BIRIGENDE

Gökleriň ýagmyry kesilip, zeminiň berekedi egsilen bir döwürde uzak Gündogaryň türkmen hökümdary Hakan il-ulsy alaň-açyk meýdana çagyryp, ýagmyr dogasyny okamaga başlapdyr. Emma hernäçe okalsa-da, Asmandan nem dammandyr. Raýatlaryň haly teň bolupdyr. Ýagdaýlar barha kynlaşypdyr. Açlyk-gahatlyk ýurdy gurşap alypdyr. Asmandan enaýat bolmansoň, ahyry öz gara güýçlerine daýanmagy müwessa bilipdirler. Zemine ýapyşypdyrlar, emma gazylan guýular, kärizler hem netije bermändir. Nämedir bir zat ähli suwy sokga soran ýalymyşyn. Diňe uzakdan seleňläp görünýän daglaryň göwsünde içimlik suwuň bardygyny, emma ony bärik aşyrmagyň örän müşgildigini şol jelegaýyň çopan-çolugyndan bilip bolýan eken. Iň

soňky çykalga hökmünde gara demre güýji ýetýän her bir ýaş-ýeleň, garry-gartaň adamlar şol daga bakan ýönelipdir. Bir, iki, üç gün işläpdirler, emma şu gün dilseler, ertesi gün öňki katdyna dolanýan Kap dagy ýaly, bu dagy hiç köwüp bilmändirler. Ahyry lapykeç bolup, ählisi yzlaryna dolanypdyrlar. Hakan näderini bilmändir. Ýurduň ähli alymlaryny, akyldarlaryny ýygnapdyr. «Her bir zadyň hökman bir çäresi ýa çykalgasy bolaýmaly. Biz bilýän zatlarymyzy, akylymyza gelenleri berjaý etdik, ýöne netije gazanmadyk. Kimde nähili jaý maslahat bar bolsa, içini döksün, pikirini paýlaşsyn. Bu wagt ýerlikli pikirden gymmatly hiç zat ýok» diýipdir. Dürli-dürli pikirler, garaýyşlar, çaklamalar, bolsadylar orta atylypdyr. Olaryň arasynda biri beýlekisine gabat gelýäni hem, çapraz düşýäni hem bar eken. Ýöne ählisi syrygyp, ýene-de şol öňki ýerine ýetirilen amallara baryberýän eken. Bu pikirleriň hiç biri Hakanyň göwnünden turmandyr. Ahyry Gürgençde tälim alan bir ýaş oglan söze idin sorap, ör turupdyr: «Kyblaýy älem, bize ders beren ussadymyz käteler käbir işleri niýetleriň güýji bilen bitirip bolýandygyny kän ýaňzydýardy. Durmuşdan dürli mysallar getirerdi. Ýagmyr isläp, elimizi Asmana göterenimizde, her kimiň kellesinde dürli pikir öwüsýän bolsa, her kim diňe öz bähbidini göz öňüne getirýän bolsa, pikirler dagynyk, hyýallar çapraz bolsa, netije bolmaz diýerdi. Ýagşy niýetler bir asylly maksat üçin birigende, arzuwlar hökman hasyl bolýar diýip aýdardy. Ýagmyr üçin açyk meýdana çykmagyň zerurlygy ýok, her kim niýetinde birmeňzeş maksady saklasa, ol uzaga çekmän, hökman hasyl bolar» diýipdir. Galan ähli çäreler birlaý edilensoň, ýene-de täze pikirden başga göwnüňi ýelejiredip, umyt çaýjak başga bir zat ýok. Ýaş oglanyň pikirini ileri tutup, her kimiň şol maksatdyr niýet bilen gezmelidigi ündelipdir. Aradan üç gün geçensoň, ilat uzakdan eşidilýän bir sese oýanypdyr. Hälki dagyň bir gyrasy opurylypdyr-da, asyrlar boýy depede saklanyp duran suw aşak inipdir. Ýaplar-aryklar süýji suwdan dolupdyr. Hakan ýaş oglanyň pikirine uýanyna monça bolupdyr. Dogrudanam, ýagşy niýetler bir asylly maksat üçin birigende bitmän galýan hiç bir iş ýok, hatda ol asyrlar boýy sarsman duran daglary hem gobsundyryp bilýär.

## 93. DURMUŞYŇ GAÝTARGYSY

Bir adam diýen etmezek perzentlerinden zeýrenip, kätip Abu Bekr As-Sulynyň ýanyna barypdyr. «Men-ä çagalaryma zat düşündirip bilemok. Her öwreden zadym, aýdan öwüdim, şor ýere sepilen tohum ýaly, täsiri ýok. Çagalaryň özlerini alyp barşy meni barha kejikdirýär. Boýy-syraty hiç kesden pes dälem welin, guwanyp oturmaly amallary ýok. Her kim perzendine guwanasy, söýünesi gelýär. Biziňki-hä boluberenok. Çagalaryň asylly, ene-atasyna gulak asýan, edep-terbiýeli bolmagy üçin näme etsem ýerlikli bolar, men-ä jaý maslahata mätäçdirin» diýip özelenipdir. Abu Bekr as-Suly ol adamy parasat nazary bilen synlanyndan soň: «Ene-atalar toprak, perzentler şol toprakda biten ösümlikdir. Her ösümligiň ýagdaýy topragyň hiline bagly. Çagany eý görmeli, ýöne oňa gowy terbiýe hem bermeli. Her islegine höre-köşe etmegiň deregine, diýenine «bolýar» diýip otursaň, diýeniňi etmeýän çagalar kemala geler. Ýa-da bu ýagdaý durmuşyň gaýtargysydyr» diýipdir. «Durmuşyň gaýtargysy bolanda näme bolýar?» diýip, ol adam düşündirip bermegini sorapdyr. «Sen öň özüňi nähili alyp baran bolsaň, soňlugy bilen saňa-da şeýle garalýar. Eger sen ene-atany gygyrtsaň, çagalaryň seni hem gygyrdýar. Şu gün birini ursaň, bir gün hökman seni urýarlar. Şu gün biriniň göwnüne degseň, gürrüňsiz, haçandyr bir gün seniňem göwnüňi ýykýarlar. Şu gün birine kömek etseň, zerur ýerinde adamlar Hydyr ata ýaly bolup saňa hem kömek edýärler. Garaz, söýseň, seni hem söýerler, sögseň, saňa hem sögerler. Ine, durmuşyň gaýtargysy şu, görkezenimizi görmeli, edenimizi egnimiz bilen çekmeli bolýarys. Bu ýerde başga syr ýok» diýip jogap beripdir. «Onda meniň bu ýagdaýym gutulgysyz ekeni, menem wagtynda şeýledim, ene-atamy kän ynjydypdym. Men şol göwne degmeleriň hupbatyny çekýärin onda» diýip, başyny aşak salypdyr. «Ýöne Ýaradanyň merhemeti çäksizdir, umytdan düşmek bendesine ýaraşmaz. Çagalaryňa hoşamaýlyk bilen gara, gerek ýerinde dara, talap et, daragtyň heniz bekemedik şahasyny öz islän ugruňa egip bolýandyr. Yhlasyňa görä netije gazanjakdygyňa şübhe ýok. Onsoňam, çagalaryňa durmuşyň gaýtargysynyň nähili bolýandygyny

düşündir we olaryň öz geljegini ýatlaryna sal. Şonda ähli yhlasyň ýerine düşer» diýip, ussat kätip jogap beripdir.

## 94. BÄSLEŞIK

Arap illerindäki bir obada gurply baýlaryň biri garyp-gasarlara uludan sadaka beripdir. Bu habar goňşy oba baryp ýetende, ol obanyň jomardy hem onuň iki essesine barabar haýyr-yhsan edipdir. Uludan tutulan sahawatyň habary çar tarapa ýaýrapdyr. Muny eşiden hälki baý ondan asgyn galmajak bolup, şonuň iki essesine deň bolan harajat bilen, täzeden sadaka beripdir. Her bir dabaraly märekäniň çawy tiz ýaýraýar ahyry. Goňşy obadaky hem bu habardan soň, onuňkydan iki esse artyk baýlygyny sahawata harç edipdir. Şeýdip, bu iki baý birek-birekden gala sadaka berjek bolup, ençeme günläp, ep-esli emlägi, tagam-duzy, dirhem-dinary, haly-palasy ile-güne paýlapdyrlar. Jomartlaryň waspy-tarypy dag aşyp, dumly-duşa ýaýrapdyr. «Tüweleme, iki sany baý birnäçe günläp şunça mukdarda sadaka berdiler. Bu görlüp-eşidilen zat däl. Her ýerde göwni giň, eli açyk, sahy adamlar bar» diýşip, agramly il bu ikisiniň we berlen bol sadakalaryň söhbedini edýän eken. Bu gürrüňleri diňläp oturan Mahmyt Zamahşary: «Siz sadakalaryň däl-de, gyzgalaňly bir bäsleşigiň gürrüňini edip otyrsyňyz. Dogry, ilkinji berleni hakyky sadaka bolup biler, emma galanlary birek-birekden kem galmajak bolup oýnalan oýun, bäsleşik bolýar. Ol ýerde şöhratparazlyk, öwünjeňlik, il gözüne gowy görünjek bolmaklyk ýatyr. Halys ýürekden edilen amalda beýle häsiýetler bolmaýar» diýipdir. Alymyň bu sözünden soňra hem ol baýlaryň söhbedi kiparlamandyr, ýöne indi düýbünden başga hörpden gopýan gürrüňlere öwrülipdir.

## 95. NIÝETIŇ AGRAMY

Bir gezek ussat pir Sarahs baba şägirtlerini ýanyna çagyryp: «Häzir siziň ýürekde göterýän arzuw-niýetleriňiziň agramyny ölçejek» diýipdir. Öň beýle synaga duçar bolmadyk şägirtler birbada äm-säm bolupdyrlar. Geňirgenmä gark bolup oturyşlaryna,

ekabyrraklaryň biri: «Ussat, eliňe alyp bolmaýan, diňe ýürekde göterilýän zadyň agramy niçik bilinýär?» diýip sorapdyr. «Muny bilmek kyn däl» diýip, pir synagyna, soragyna başlapdyr. Soňra şägirtleriniň dile getirýän arzuwyna görä, olaryň bahasyny beripdir. Birnäçesine: «Sen-ä, han ogul, öz başyňy çarap bilersiň» diýse, käbirlerine: «Sen bu arzuw-niýetleriň bilen bir maşgalanyň keşigini çekip bilersiň» diýipdir. Beýleki birine: «Heniz munyň bir adamlyk arzuwa-da ýetenok, juda bärden gaýdýarsyň. Öwren we özger» diýip tabşyrsa, syny oturan şägirtlerine: «Siz il keşigini götermäge häzirden werziş ekeniňiz. Sizde halk ykbalyny göterer ýaly arzuw-niýet bar» diýip, netijä gelipdir. «Ynsan ýüreginde nähili arzuw göterýän bolsa, soňra şol arzuw-niýetler ynsanyň özüni göterip, muwapyk ýerlere dartyp başlaýar. Şonuň üçin her bir adam ýürekdäki arzuw-niýetiniň ezizligine, süýjüligine, beýikligine we gözelligine görä durmuş gazanýar» diýip, ussat sözüni jemläpdir.

## 96. ÖWRENMEK HIÇ WAGT GIÇ DÄL

Öz döwrüniň meşhur alymlarynyň biri Abu Bekr Kaffal Merwezi hakda şeýle rowaýat bar. Günleriň birinde ussat alym we senetkär Kaffal Şaşynyň ýasan gulpunyň tarypy çar yklyma ýaýrapdyr. Onuň ýasan gulpunyň agramy bary-ýogy elli grama barabar eken. Muny eşiden Kaffal Merwezi («Kaffal» sözi gulp ýasaýjy diýmekligi aňladýar) hem kiçijik açar bilen açyp bolýan bir gulp ýasapdyr. Bu gulpuň agramy 0,12 grama deň bolupdyr. Hemmeler Kaffal Merweziniň ýasan gulpuny synlapdyr, ýöne «hä-hüm» bermekden başga, onuň tarypyny ýetiren tapylmandyr. Kaffal Merwezi ildeşlerinden nägile bolupdyr. «Kaffal Şaşynyň ýasan gulpunyň dabarasy dag aşdy. Özge iller özlerinde çala bir zat oňarýan birini tapsalar, şony goldap, götergiläp, waspyny äleme ýaýýarlar. Meniň ildeşlerimiň bolsa bu zatlar piňine-de däl. Ýa-da bularyň geň galmaly zatlara-da halys gözleri öwrenişipdir. Adaty bir zat synlaýan ýaly, biparh geçip bilýärler. Kaffal Şaşyny her kim ýatlaýar, meni bolsa hiç kim ýatlanok» diýip öýkeläpdir. Adam-

lar oňa: «Iller Kaffal Şaşyny gulp ýasandygy üçin däl-de, alymdygy üçin has köp ýatlaýar» diýensoň, öýkesinden az-kem açylyşan Kaffal Merwezi şondan soň ylym öwrenmekligi pugta ýüregine düwüpdir. Şol wagt Kaffal Merwezi laýyk kyrk ýaşynda eken. Bir gün merwli alymlaryň biri Kaffal Merweziniň ýanyna salama gelipdir. Kaffalyň ylym öwrenmeklige höwesiniň uludygyna göz ýetirip, oňa ilkinji nobatda öwrenmeli we özleşdirmeli kitaplaryň sanawyny, tertibini düzüp beripdir. Ylmyň ilkinji basgançaklaryny salgy beripdir. Alym oňa ertesi irden baryp, okan zatlaryny öz ýanynda düşündirip, gürrüň bermegini talap edipdir. Kaffal Merwezi uzak gijeläp, bu kitabyň daşynda eglenipdir. Halypasynyň ýanyna baranda ýabygorluk bilen bir zat aýdyp bermek üçin, kitabyň başyndaky «Men bu kitaby gysgaltdym» diýen dört sözi ýat tutmak isläpdir. Uzak gijeläp bu sözleri daşyndan-içinden gaýtalap, ahyry daň atar wagtlary uka batypdyr. Irden turanda, agşamky sözlerini eýýäm ýadyndan çykaran eken. «Halypama näme diýsemkäm, ýa ylym maňa eýgertjek zat dälmikä?» diýip, gaýga batyp otyrka, Kaffalyň goňşusy peýda bolup oňa: «Goňşy, sag-aman ördüňizmi, öten agşam «Men bu kitaby gysgaltdym» diýen sözleri gaýtalap, bizi ýatyrmadyň» diýipdir. Kaffal Merwezi muňa begenipdir. Hydyr ata ýaly görnen bu goňşusyny garsa gujaklap, salymyny ýitirmän, halypasynyň ýanyna gelipdir. Bolan wakalary oňa gürrüň beripdir. «Bu ýagdaý seniň höwesiňe böwet bolup bilmez. Edil şu bolşy ýaly, zerur bolanda, bilýäniňi ýadyňa salýan we nähili hereket etmelidigini ündeýän aýat-alamatlar, sözler, sebäpler peýda bolar durar. Gerekli adamlar we jaý pursatlar tüýs zerur wagty ýüze çykýandyr» diýipdir. Bu sözlerden ruhlanan Kaffal Merwezi şondan soň bilini has-da bek guşap, galan ömrüni ylym öwrenmeklige bagyş edýär. Ol zamanasynyň iň ökde we tanymal alymlarynyň biri bolup ýetişýär. Ýazan kitaby ýüzýyllyklaryň dowamynda ürç edilip okalýan kitaplaryň birine öwrülýär. Segsen ýyldan gowrak ömür süren Kaffal Merwezi hakda gürrüň gozgalanda, ony ömrüniň başky kyrk ýylyny sowatsyzlykda, soňky kyrk ýylyny bolsa

alymlykda geçiren ussat hökmünde ýatlaýarlar. Kaffal Merweziniň özünden nusga alyp, özgelere ündeýän öwüt-nesihatlarynda «Öwrenmek hiç wagt giç däl» diýen sözler has köp gaýtalanýan eken.

## 97. TÜRKMEN GYZYNYŇ ÝESERLIGI

Usama ibn Munkyzyň «El-Ygtybar» atly kitabynda şeýle waka beýan edilýär: «Meniň araplardan bir şahyr dostum bardy. Oňa Müeýýid şahyr el-Bagdady diýerdiler. Mahal-mahal onuň bilen seleň sährada, ýaýlada awlaga çykardyk. Ol bir gün şeýle gürrüň berdi: «Halyf meniň kakama ep-esli meýdany mülk ýer hökmünde bagyş edipdi. Kakam küren obanyň emiridi. Golaý-goltumdaky obadyr kentlere hem sözi ýöreýärdi. Ol wagtal-wagtal mülk ýerine aýlanyp gaýdardy. Emma şol ýoluň ugrunda golaý-goltumdaky obadyr kentlere, kerwenlere ýazylganlyk bermeýän galtamanlar hereket edýärdi. Kakam her edip, hesip edip, bu galtamanlaryň ugruny tapdy. Olara aýlyk pajyny töläp, oba ilatyna degmezligi gazandy. Käýarym olar hem düşen oljasyndan kakama dadymlyk paý ýollaýardylar. Şeýdip biziň obamyz galtamanlaryň talaňçylykçy çozuşyndan ýa-da kerwenimize el degirmeklerinden halas boldy. Barjamly bolanymyz üçin her kim ötene-geçene kakamyň öýüni salgy bererdi. Bir gün tüp yssyda daragtyň astynda kölegeläp otyrkak, owadan gamyşgulak dal bedewli bir türkmen ýigidi atdan indi. Ýanynda bir ineri bolup, onuň üsti horjundan mas ýüklenendi. Şol horjunlaryň üstünde hem bir ýaş owadan türkmen gyzy otyrdy. Ol türkmen ýaş gyzy elinden tutup aşak düşürdi. Soňra bize ýüzlenip: «Heý, ogullar, geliň-de şu ýükleri düşürmäge kömekleşiň. Biz demimizi dürseýänçäk, bularam dynjyny alsyn» diýdi. Biz ylgaşlap baryp, ýaňky horjunlary, sandyklary düşürmäge kömekleşdik. Görsek, şol horjunlaryň ählisi sap altyndan guýlan dinarlardan doly eken. Soň bu türkmen ýanyndaky gyz bilen bizde az-kem garbandy-da, turarman boldy. Kakam hernäçe mürähet etse-de, bu gijäni bizde düşläp, ertesi ir bilen ýola düşmegi ündese-de, bu türkmeni raýyndan gaýtaryp bilmedi. «Hany, ogullar,

şu ýüki düýäň üstüne ýükleşiň» diýdi. Biz horjunlary gaýtadan öňki ýerinde jaýba-jaý ýerleşdirdik. Ol türkmen barmaly ýerine eltýän iň ýakyn ýoluň salgysyny sorady. Kakam oňa: «Myhman, siziň barjak ýeriňize örän ýakyn ýol bar, emma ol ýerde rehim-şepagatsyz galtamanlar höküm sürýär. Jemi altmyş sany galtaman. Janyna haýpy gelýän adam ýarym gün eglenmegi ýük görmez, aýlanyp gider. Munuň üçin bolsa, holha, gaýraky ýol bardyr. Pylan obaň degresinden geçýär. Hiç kimse adyňyzy tutmaz, arkaýyn ýöräp bilersiňiz» diýdi. Emma ýaňky türkmen: «Ýaşuly, bize iň ýakyn ýoly salgy ber, men basym aşasym gelýär» diýdi. «Ýöne ýakyn ýol galtamandan doly, gaty gorkunç, janyňyzdan howatyr edýän» diýip, kakam bu türkmeni bu pikirinden dändirjek boldy. «Gorkunç diýýäňmi, ha-ha-ha, men indi galtamanlardan gorkmalymy» diýip, ýaňky türkmen loh-lohlap güldi. Türkmeniň bu bolşy kakama ýaramady. Olar bilen hoşlaşdy-da, göni galtamanlaryň ýanyna ýelk ýasady. Baran dessine hem ähli wakany we olaryň ýanyndaky ummasyz altyn dinarlaryň habaryny berdi. Galtamanlar beýle bol oljanyň gelerine garaşyp, takat edip bilmediler. Atlandylar-da, özleri ýaňky türkmeniň öňünden çykdylar. Olaryň ýoluny kesdiler. Türkmen bulary görenden çalasynlyk bilen ýaýyny eline alyp, olary ok bilen urmakçy boldy, emma ýaýyň kirşi üzüldi-de, alaçsyz galaýdy. Galtamanlar türkmeniň daşyny gabap, onuň ähli altynlaryny, inerini, atyny olja, ýanyndaky gyzy bolsa ýesir aldylar. Altmyş galtamanyň öňünde ýaragsyz bir türkmeniň döwi ejiz geldi. Ýaňky türkmen gyzy olara: «Ýigitler, Taňrynyň haky üçin haýyş edýärin, namysyma el degirmäň. Meni we şu iner düýäni ýaňky ýigidiň aýagyndaky bäş ýüz dinarlyk göwhere çalşyň. Bizi aýra salmaň» diýdi. Galtamanlar gyzyň bu teklibine razylaşdylar. Soňra gyz olara: «Men häzir bu ýagdaýy ýanymdaky ýigide hem aýdaýyn, ony hem razy edeýin. Sizden birnäçesi ýanymyzda durup biler» diýdi. Galtamanbaşy olara rugsat berensoň, daşy birnäçe garawully gyz ýaňky türkmeniň ýanyna baryp: «Men özümi hem-de ineri sendäki bäş ýüz dinarlyk gymmaty bolan göwhere çalyşdym. Çep gonjuňdaky

göwherleri maňa ber, eliňi uzat» diýdi. Ýigit gyzyň aýdyşy ýaly etdi. Gyz hem ony almak üçin elini uzatdy we golundan bir zat çykardy-da, galtamanlara bildirmän, ýigide gowşurdy. Ol ýaýyň täze kirşi eken. Soňra gyz hiç zat bolmadyk ýaly yzyna öwrülip gaýtdy. Ýaňky türkmen çalasynlyk bilen kirşini ýaýyna ildirdi-de, galtamanlary paýhynlap başlady. Alasarmyk ýagdaýa düşen galtamanlar näme bolandygyny duýup ýetişmänkä, türkmen ýigidi olary birme-bir urup ýetişýärdi. Eý, Hudaý, bu türkmeniň çalasynlygyna aperin diýip oturmaly. Ol bir demde kyrk üç sany galtamanyň janyny jähenneme ýollady. Birdenkä ýaňky türkmeniň galtamanlaryň arasynda duran kakama gözi düşdi. «Asyl senem bulardan ekeniň. Işdäň bar bolsa, saňa-da birje okdan dadyraýyn» diýip, ýaňky türkmen kakama dikanlap seretdi. Kakam sandyrap durşuna, zordan «ýok» diýip başyny ýaýkady. «Duz hormaty üçin ähli ýazygyňy geçýärin, ýöne il adamsyna galtamanlara daklyşmak uslyp däldir. Bu galan on ýedisini hem al-da, oba gözegçisine tabşyr, mynasyp jezasyny bersin» diýdi. Sebäbi galan galtamanlar ömründe birinji gezek duçar bolýan bu ahwalatlaryna henizem düşünip bilmän, sandyraşyp durdular. Soňra ol türkmen ähli goşlaryny, altyn tyllalaryny inere ýükläp, özüni halas eden gyzy hem horjunlaryň üstünde oturdyp, ýoluna rowan boldy. Şeýdip türkmen gyzynyň ýeserligi uzak wagtlap tutuş töwerege ýazylganlyk bermedik galtamanlardan hemişelik dynmaklyga sebäp boldy. Şondan soň bu jelegaýlarda ýol urup, talaňçylyk edýän ýekeje adam hem görünmedi».

## 98. BAŞLAMAK WE BAŞARNYK

Günleriň birinde Mahmyt Zamahşarynyň ýanyna bir ýaş ýigit gelipdir. «Ussat, harplary öwrendim, söz ýazyp bilýärin. Sanlary öwrendim, hasaplap bilýärin. Golumda rysgymy gazanar ýaly gara güýjüm, egnimde bir öýüň keşigini çeker ýaly gaýratym bar. Emma agalarym maňa henizem ynamsyz bakýar. «Akyl bir başga, ukyp bir başga, başarnyk düýbünden başga zat. Akylyň ýa ukybyň bar-

dygy seniň köp zady başarýandygyňy aňladanok. Onsoňam, heniz iň uly nogsanlyga akyl ýetirmedik bolsaň, bar, git-de gaýtadan tälim al» diýýärler. Menem bilýänimi subut etmek üçin mesele, ýumuş soraýaryn, emma «Başarjaňlygyňy subut etmek üçin bizden dalda soraýan bolsaň, onda seniň hiç zat bilmeýändigiň» diýip, gaýta beter gyjalat berýärler. Aýtsaňyzlaň, başarjaňlygy nädip ýüze çykarmaly? Iň uly nogsanlyk näme? Munuň üçin dag köwmelimi, daş götermelimi, suw daşamalymy ýa odun çekmelimi, bir aýdyňlap berseňizläň» diýip, haýyş edipdir. «Adamyň ýasawyndaky häsiýetleriň biri kyndyr öýden meselesiniň çözgüdini hemişe çylşyrymly, agyr zatlardan gözlemegidir. Aslynda welin, aglaba halatda şol çözgütler sada zatlara syrygýar. Başarjaňlygy subut etmegiň ilkinji ädimi – başlamak. Bir zady başarýandyryn, hötdesinden gelýändirin öýtseň, dessine işe başla. Şol amaly hasyl etmäge giriş. Başlan işiňi dowam etmek başarjaňlygyň aýdyň ýüze çykmasydyr, başlan işiňi doly berjaý etmek – onuň aýdyň subutnamasydyr. Onsoňam, bir işe başlap, ony doly bitirmän başga bir işe girişmek amalyň we abraýyň apatydyr, bilip goý. Iň uly nogsanlyk bolsa, köp zady başaryp bilýärkäň, az amal etmek ýa-da doly bitirmäge güýjüň barka, ýarpy ýolda taşlap, yzyňa gaýtmak häsiýetidir. Başarýaňmy – dessine başla we soňuna çenli doly-kämil berjaý et. Şonda özüňdäki başarjaňlyk üçin subutnama ýa şaýat gözlemäge zerurlyk galmaz. Seni hemmeler ykrar eder» diýip, Mahmyt Zamahşary jogap beripdir.

## 99. RYSGAL WE BEREKET

Hakanly türkmen hökümdarlary bilen bagly şeýle bir rowaýat bar. Olaryň ýurdunda iki sany goňşy ýaşapdyr. Olaryň ikisi hem her gün säher bilen Alladan dileg eder ekenler. Birinji goňşy: «Eý, Allahym, ryskymy-rozumy özüň ýetir, maňa özüň eçil» diýer eken. Ikinji goňşy: «Eý, Allahym, Hakanyň ýüregine sal, ol meniň ryskymy ýetirsin, hökümdarymyz maňa-da eçilsin» diýer eken. Bu ikisiniň üçünji bir goňşusy Hakanyň köşgünde bagban bolup işleýän eken. Her gün ir-

den goňşularynyň edýän üznüksiz dileg-dogalaryny ýat beklänsoň, bu hakda Hakanyň ýanynda ýaňzydypdyr: «Hormatly Hökümdarymyz, meniň iki sany goňşym bar, olaryň ikisi hem Alladan ýardam-enaýat soraýar. Biri Allanyň özüniň eçilmegini, beýlekisi bolsa Hakanyň – hökümdaryň eçilmegini soraýar» diýipdir. Hakan bu habara monça bolupdyr, esasanam, özünden tama edýäne kömek edesi gelipdir. Ol Alladan dileýän bendesine üç sany kümüş teňňe, özünden dileýän Taňry bendesine bolsa bir uly towugy gowy edip gowurdyp, içine hem on sany gyzyl teňňe salyp ugradypdyr. Aradan on gün çemesi wagt geçipdir. Ahyry Hakan bu iki goňşynyň halyndan habar alasy gelipdir. Ol ilki bilen özünden umyt eden raýatynyň gapysyny kakypdyr. Baryp halyny, malyny, ahwalyny sorapdyr:

– Ýeri, ýagdaýlaryň nähili?

– Aý, boljak, ganymat, el serip gün göremzok, muňa-da şükür.

– Sen-ä bu on günüň içinde tüçjar bolup gidensiň, ýöne, iýeniň-içeniň ýüzüňe çykmandyr-la, eýgilikmi?

– Aý, gün-güzeran aladasy, ýetde-gütde oňşuk, aýagyňy uzyn salyp oturara maýam, ýagdaýam ýok.

– Hany, saňa her gün iberen on sany gyzyl teňňämi näme etdiň? Olaryň sanam-a ýüze ýeten bolmaly – diýip, hökümdar geňirgenipdir.

– Men-ä gyzyl teňňe göremok, o nähili teňňe bolýarmyş? – diýip, ol bende Hakandan beter geňirgenipdir.

– Saňa gowy edip gyzardylyp gowrulan towuk iberipdim. Şol towugyň içinde hem on sany gyzyl teňňe bolmalydy...

– Aý, meň-ä ol towuga işdäm bolmady, şonuň üçin ony goňşyma bir kümüş teňňä satyp, şol pula düşenjesine hem iýip-içdim. Gyzyl teňňeden asla habarym ýok – diýipdir.

Hakan birsalym oýurganyp oturypdyr: Bendesinden umyt edýän ynsan günde bir kümüş teňňe bilen gün geçiripdir. Ýaradandan umyt eden bende bolsa hem-ä gowrulan towuk iýipdir, hem-de her günde iki kümüş we on sany gyzyl teňňe gazanypdyr. Şondan soň diňe ýönekeý raýat däl, hatda Hakanyň özi hem özlerine gerekli zat üçin kimdir biriniň eçilerine garaşman, göni Allanyň özünden dileg etseň, has bereketli we ýeterlik bolýandygyna göz ýetiripdirler.

## 100. ÝEŇMEK ÜÇIN ÝARADYLAN HALK

Orta asyrlarda ençeme ýurtlary özlerine boýun egdiren türkmenleriň ykbaly, taryhy ýoly arap halyflarynyň birini gyzyklandyrypdyr. Ol iň danyşment wezirini ýanyna çagyryp: «Türkmenleriň dowamly hökmürowanlygynyň syry, hikmeti nämede? Bular nä töwra halk, baran ýerinde derrew ornaşýar, ýerli halk bilen dessine dil tapyşýar. Edeni ugruna bolýar. Ýüreklerinde gorky-ürki ýok. Bularyň nesil-neberesi, şejeresi, şöhraty, şany, dabarasy, artykmaçlygy hakda nirede näme ýazylan bolsa, kimden nähili gürrüňler eşiden bolsaň, ählisini jemläp getir, okaýyn, öwreneýin, düşüneýin» diýipdir. Danyşment wezir döwrüniň iri-iri kitaphanalaryna, taryhçy alymlaryna, dünýäniň habaryny ülkelere ýaýýan jahankeşde söwdagärlere, kyssaçylara halyfyň talabyna laýyk öz bilýän maglumatlaryny jemläp ibermegi tabşyrypdyr, towakga edipdir. Özi hem basa oturyp, kitaplary dörjelemäge başlapdyr. Pygamberiň hadyslaryndan başlap, taryhçylaryň galdyran her bir ýazgysyny ürç edip okapdyr, belläp alypdyr. Bu wagtyň dowamynda beýleki ülkelerden hem birnäçe maglumatlar toplanypdyr. Birnäçe aýlardan soň, türkmenleriň taryhyna we mertebesine degişli ummasyz ýazgy peýda bolupdyr. Danyşment wezir bu ýazgylary tertipläp, halyfyň huzuryna giripdir. Taryhy ýazgylaryň juda kändigini ýaňzydyp, haýsy kitaby okap başlamakçydygyny sorapdyr. «Munça kitaby okajak bolsam, men ähli wagtymy sarp etmeli bolaryn. Sen gowusy, şu ýazgylaryň içinden ünsüňi çekýän ýüz sany sebäbi saýlap getir» diýip, halyf tabşyrypdyr. Wezir ýene birnäçe wagtdan soň dolanyp gelipdir: «Şany beýik halyfymyz (tagsyrymyz), tabşyrygyňyz birkemsiz berjaý edilendir. Türkmenlere degişli iň ähmiýetli maglumatlary bir ýere jemledim» diýipdir. Halyf şol ýüz sebäbiň içinden hem on sanysyny saýlap getirmegi gaýtadan sargapdyr. «Bu örän müşgil mesele. Ýüzlerçe kitapdan gysgaldyp-gysgaldyp, maňzyny saýlap alyp, ýüz edip goýduk. Henizem ýatlap boljak birnäçe häsiýetleri gyrada goýmaly bolduk» diýip, wezir boýurganypdyr. Emma halyf sözünden dänmändir. Weziriň hem

hökümdara «ýok» diýmäge ýagdaýy ýok. Ol sebäpleriň gowusyndan gowusyny saýlap, olaryň sanyny ona ýetiripdir. Jem bolan netijäni alyp, halyfyň ýanyna barypdyr. «Örän ajap iş etdiňiz. Şol on sebäbiň maňzyna düşünsem, onda men türkmenleriň bu tapawutly taraplaryna has aýdyň göz ýetirerin» diýip, halyf oňa hoşallyk bildiripdir. Soňra wezire garap: «Ýogsa-da, munça wagtlap bu ýazgylary senden gowy öwrenen başga biri ýok, hany sen aýt, türkmenleriň beýle ykbally halk bolmagynyň syry, hikmeti nämede eken?» diýip sorapdyr. «Şany beýik halyfymyz, bu sözleriň birnäçe sebäbi, subutnamasy bar, emma ýekejesini ýatlasam hem ýeterlik bolar. Türkmenler aslynda ýeňmek, üstün çykmak üçin ýaradylan halk. Muny pygamberiň hadyslary hem, taryhy kyssalar hem tassyklaýar. Ymmatyň ussat alymlary, ulamalary, hökümdarlary, serkerdeleri hem şolaryň neslinden çykar diýilýär. Olar ot, suw, ýel ýaly tebigy güýçlerden soňra, hökmürowan iň güýçli esgerler hökmünde ýatlanylýar. Agzybirlige per berseler, ýeňmek, üstün çykmak, beýik bolmak olaryň ykbaly. Bu ýerde başga syr ýok» diýip jogap beripdir. Halyf danyşment weziriň bu sözlerini makullapdyr. Özüni oýlara salan sowalyň nagt, ygtybarly we ynandyryjy jogabyny tapandygyna begenipdir. Soňra wezirine garap: «Sen bu saýlanan ýazgylaryň ählisini bir ýere jemläp, kitap ýaz. Goý, onuň bir nusgasy halyflyk köşgünde dursun. Biziň nesil-neberelerimiz hem bu halkyň ykbalyny öwrensin, nusga alsyn» diýip, ýörite tabşyrypdyr. Buýsançly ýeri, şeýle kitabyň bolandygyny başga-da birnäçe çeşmeler tassyklaýar.



# HALALLYK KYSSALARY

Nesilleri belent ahlak we watançylyk ruhunda terbiýelemegi ileri sürýän Gahryman Arkadagymyzyň hasyl edýän her bir amaly, hemmelere nusgalyk ýoly, agzybirlik, jebislik, halallyk hakyndaky pähim däneleri, paýhas dürleri we hikmetiniň hoşboý gülleri biziň maksatly ömrümiziň şamçyragy. Bu öwüt-ündewler ýörejek ýollarymyza ýagtylyk saçýar. Bizi arzyly menzillere, alys sepgitlere, beýik maksatlara sary ynamly we ruhubelent alyp gidýär.

Arassa, halal, Watana wepaly, lebze ygrarly ýaşamak durmuşymyzyň hoşnutlygyny we gönençliligini üpjün edýär. Halallyklar hakda, esasan-da, adamzadyň bagtly ömrüniň we dowamatynyň özenini düzýän halallyklar hakda söz açmak diňe bir gyzykly bolman, eýsem, wajypdyr.

Halallyk ömrüň diregi, maşgalanyň – öýüň söýesi. Onuň ömrüňe çaýýan öwüşgini her kese mälim. Işleriň ugrukmagynda, maşgalada agzybirligiň berkemeginde, käteler gurşaýan keseldir sökelliklerden, kynçylykdyr kösençliklerden aman-esen, tiz gutulyp gitmekde halallyk esasy ýardamçymyz. Durmuş bu, kähalatda hiç kime bil baglap bilmeýän pursatlaryňda hem eden halal hereketleriňe arka diräp bolýar. Niredendir bir ýerden birmahalky eden halal hereketleriň miwesi tekge bolýar duruberýär. Şonuň üçin ata-babalarymyz bu düşünjäni şeýle bir aňlaryna siňdiripdirler, megerem, adamzadyň öz bagty we

bähbidi üçin iň ähmiýetli gören zady halallyk bolsa gerek. Halallyk düşünjesiniň durmuşymyzda galtaşmaýan nokady we gurşamaýan giňişligi ýok. Bu giň düşünje däp-dessurlarymyza, urp-adatlarymyza, aň-pikirlerimize reňki solmajak nagyşlar deýin sünnälenipdir. Her işde, hereketde, her ýagdaýda halallyga per bersek, käteler birbada göwünhalar netijäniň göze ilmeýändigine garamazdan, hemişe soňunyň düz bolup gutarýandygy welin hak. Halkymyzyň örki halallykda.

Halal sözüniň agzalýan ýerinde, halal sözüniň haýsydyr bir söze, häsiýete ýanalýan ýerinde göwnümize giňlik, gursaklara rahatlyk salýan bir enaýy duýgy bar. Pederlerimiziň paýhasy siňen gadymy kitaplarda ýazylmagyna görä, ynsan halallygyň dört ugruna pugta eýerse, onuň ömrüniň iňňän bereketli, nesil-dowamatynyň salyhatly, döwletli, el uran işiniň bereketli bolýandygy nygtalýar. Halallyga ýanalýan şol dört häsiýet: lebzi halallyk, süňňi halallyk, zandy halallyk hem-de kesbi halallykdyr. Şu dört häsiýeti özünde jemleýän adam durmuşyň dürli menzillerinde arkaýyn hereket edip biler. Ony bäsdeş ýa garşydaşam, kynçylyk ýa alada hem sarsdyryp bilmez, gaýta garşydaşy dostuna, öňünde keseren kynçylygy täze bir zadyň mümkinçiligine öwrüler durar diýilýär. Rysgal-bereket, gün-güzeran aladasy, çeken zähmetiňe görä hak-heşdek gazanmak, adamkärçilikli bolmak ähli döwürdäki adamlary gyzyklandyryp gelýän mesele. Halal gazanjyň, dogry-dürs hereketiň höziri bir başga. Ol süňňüň sagatlygyny, ojagyň abatlygyny, işleriň rowaçlygyny, nesliň dowamatyny üpjün edýän esasy serişdeleriň biri. Nesilleri terbiýelemekde halallyk hakdaky kyssalaryň hem ähmiýeti uludyr. Çünki kyssalar bu düşünjäni bize ähli tarapdan açmaga kömek edýär.

***

Käteler işlerimiziň arasyna bökdençlik aralaşýar. Göze dürtülip duran aýdyň sebäbi ýok, ýöne, näme üçindir, hiç ilerläp gidiberenok. Ýa-da bitip barýan işimiz iň soňky ädimlerinde paşman duruberýär. Şeýle pursatlarda, belki-de, biz öz hereketlerimizi gözden geçirme-

lidiris. Kimdir birine nähak garandyrys ýa-da oňa mynasyp däl sözi suňşurandyrys. Ýa-da kimdir biriniň hakyny iýendiris… mahlasy, maksatlarymyza bir ädim galanda büdremezlik üçin her bir hereketimizde halallyga pugta ähmiýet bermek gerek.

Taryhy çeşmeleriň birinde şeýle waka gürrüň berilýär. Bedew atyny özünden hem eý görýän türkmen serkerdeleriniň biri duşman bilen garpyşmak üçin ala meýdana başa-baş söweşe çykypdyr. Bedewiň üstünde aňyrdan howalap gelşine, naýzasyny elinden düşürmän, duşmana tagna saljak bolýarmyşyn welin, bir ädim aralyk ýetmän dur diýýär. Serkerde üç gezek dagy bu hüjümini gaýtalapdyr, emma her gezegem bir ädim ýeter-ýetmez aralyk galanda, duşman hyrra yzyna öwrülip, sypara maý tapýan eken. Türkmen yzyna lapykeç dolanypdyr. Mundan öň bu bedewi bilen kowalan awuny tutandygyny aňynda aýlapdyr. Bu bärden gaýtmagyň sebäbine teý düşünip bilmändir. Ahyry şol pikirlerine ulaşyp, uka batypdyr. Düýşünde aty oňa adam dilinde: «Hojaýyn, düýn sen maňa bir çuwal iýmlik arpa alaňda, söwdagäre bir dirhem puly kem berdiň. Ana, şol bir dirhem hem seni maksadyňa ýetirmän, bir ädim bärde saklaýar. Atyň arpasy halal, ýigidiň alny-arkasy arassa bolanda, alynmaýan sepgit, aşylmaýan menzil galmaz» diýipdir. Düýşünden oýanan dessine, türkmen ol söwdagäre bilmezlikden kem tölän bahasynyň üstüni ýetiripdir we şol gün hem maksadyna ýetipdir. Halal hörek hökman maksada ýetirýändir.

***

Halk arasynda terezi hakyny egismek oňlanylmaýan häsiýetleriň biri. Muňa garamazdan, käteler ynsan nebsi dury paýhasdan rüstem gelende, gazanjyň berekedine däl-de, düşewündiň artyklygyna ähmiýet berilýän pursatlary-da bolaýýar. Ol şu günki pygyl-päliniň gaýtargysyny hut şol günüň özünde görmese, kada-kowahada sygmaýandygyna garamazdan, ynsan her bir hereketi özüne ýokýan mysalynda kabul edýär, çalt baýamagyň, dessine gurply-gurbatly bolmagyň yşkynda gezýär. Nebsiň hem bir aýratyn tebigaty bar, ol

hiç wagt öňki dereje bilen kanagat etmeýär, oňa öňküden-de has köp gerek. Wagtynda oýanyp bilseň, diňe özüňi däl, bala-çagaňy hem bir agyr ýükden halas edip bolýar. Çünki nähak gazanylan zat ahyry bir ýerden urup çykýar.

Bütin ömrüni söwda-satyk bilen geçiren bir ýaşuly uly ogluny ýanyna çagyryp, maslahat beripdir: «Indi bazara çykyp, söwda edere rowgatym galmady. Ertirden başlap, mellekde ýetişen bakja önümlerini satmaga özüň gidersiň. Bazara baranyňda, duldegşir söwdagärler bardyr. Her bir harydyňy gala satmaga dyrjaşarlar. «Bazaryň nyrhyny bozma» diýip, sendenem ýokary baha goýmagyňy talap ederler, ýöne sen zähmetiňe düşýän hakyňy algyn. Artyk gazanjak bolma we hiç wagt terezini egsik ölçemegin. Berenini berekedi bilen berse, ýeterlik bolýandyr» diýipdir.

Ertesi daň bilen uly ogly bazara rowana bolupdyr. Atasynyň ýerine geçip ornaşypdyr. Gök-bakja önümlerini tertipläp goýupdyr we datly miweleri müşderilere mazamlap ugrapdyr. Sähel salymda harytlaryny ýerläp bilipdir. Onuň ýanynda oturan söwdagärler bu ýaş ýigide maslahat beripdirler: «Inim, harydyň ýokary bahadan geçýärkä, ujypsyz haka dözüp oturma. Bu ýeri bazar, geçýän bahasyndan beribermelidir. Bazaryň göterýän nyrhyna görä hereket etseň utulmarsyň» diýipdirler. Ýaş ýigit birsalym oýurganypdyr: «Bu aýdylanlaryň jany bar bolmaly. Geçýän bahasyndan bermegim gerek. Atam bir ýaşuly adam, ol köne düşünjeli bolup biler. Onsoňam men terezini kem ölçämok ahyry, galan ähli hereketimem halal» diýipdir we ertirki söwdasyny has ýokary bahadan satmagy pugta ýüregine düwüpdir. Ol şol günki gazanjyny atasyna getirip beripdir. Agşamara ähli maşgala saçak başyna jem bolupdyr. Ýöne, näme üçindir, bir meseläniň üstünde iki sanysynyň sözi çatak düşüp, biri-birinden öýkeläpdirler. Mundan öň bu öýde asudalyk, oňşuk höküm sürýän ekeni. Atalary bu ýagdaýa hiç akyl ýetirip bilmändir. Kimdir biriniň hyýalynda bir näsaz pikirleriň öwrüm edýänliginden çen edipdir. Ähli balasyny ýanyna çagyryp, şol günki bitiren işleri we indiki etsem-goýsamlary hakda

sorapdyr. Ahyry uly oglunyň sözüni, matlabyny bileninden soň, oňa hälki niýetlerine görä hereket etmezligi, diňe halallyga per bermegini ýene bir ýola ündäpdir.

Uly ogul ertesi bazara baryp, harytlaryny geçýän bahasyndan däl-de, ýene-de öz düşýän gymmatyna görä satypdyr. Gaýta, her satan zadynyň üstüne birlän-ikilän halallyk hakyny hem guýupdyr. Tereziden asla egisjek bolmandyr. Ýanyndaky söwdagärler oňa gyýa göz bilen garapdyrlar, hüňürdäp, aňyrsyna bakanlaram bolupdyr. Hudaý her kimiň rysgyny ýetirip dur: arzan bahalynyňky hem alynýar, gymmat satýanyňkam geçýär. Ýöne olaryň gazanjyndaky bereket welin, deň bolmaýar.

Birnäçe aýlardan, belki-de ýyllardan soň adamlar bir hakykat bilen ýüzbe-ýüz bolýar: halalyň ojagynda agzybirlik höküm sürýär, iýjek-içjegini Hudaý ýetirip dur, zada zar bolanok, minnetlä mätäç edenok. Çagalary aňly-düşünjeli, edenli, hereketli, il ýumşuna ýarap, sogap gazanyp ýörler. Gazanjyna nähak gatanlar bolsa, daşyndan asuda-parahat görünýändigine garamazdan, ruhy ejirleriň, nähilidir bir ýeter-ýetmezligiň içinde günlerini aýlapdyrlar. Danalaryň paýhasly pikirlerine uýsak: «Halal lukma gözlere röwşenlik çaýyp, ýörejek ýollaryňa ýagtylyk çaýýar. Işleriň ugrukmagyna, rowaçlanmagyna sebäp bolýar. Maşgalada agzybirlik, arkalaşyk, asudalyk höküm sürýär. Gazanjyna nähak gatanyň öýünde welin hergiz asudalyk bolmazmyş. Nähak hereketiniň mukdaryna barabar muşakgatlar hem hemişe ýol üstünde garaşar durarmyş».

***

Biziň her birimiziň eý görýän adamlarymyz, ýakynlarymyz, tanyşlarymyz bar. Olaryň bize ýetirýän habarlary, aýdýan sözleri hem juda gymmatly we ähmiýetli. Biz olara şeýle bir ynanýarys, aýdýan zatlaryny makullaýarys, tassyklamaga çalyşýarys, hemişe özümize ýakynlaryň tarapyny tutýarys ýa-da käteler bir wakanyň habaryny bize ilki bolup aýdanlara güpbe ynanýarys, derrew öz garaýşymyzy mälim edip, meseläni dessine «çözüp berýäris». Ýöne… beýleki tarapy diňlemelidir, meseläni köptaraplaýyn öwrenmelidir, derňemelidir,

bilmelidir öýdemzok we olar babatda düýbünden nädogry düşünjelere duwlanyp galýarys.

Günlerde bir gün Dawut pygamberiň ýeke özi otyrka, birden onuň huzurynda iki adam peýda bolupdyr. Dawut pygamber muňa geň galyp aljyrapdyr. Sebäbi onuň gapysyndaky garawul Dawudyň rugsady bolmazdan, hiç kimi içeri salmaz ekeni. Ol iki adam Dawut pygamberden özleriniň dawasyny çözüp bermegini sorapdyrlar. Dawagärleriň biri Dawut pygambere ýüzlenip: «Ine, şu meniň doganym. Onuň 99 sany goýny bar. Meniň-de birje goýnum bar. Doganym «Şol birje goýun hem sende bolmasyn, getir goýnuňy, meniňkä goş. Ol goýun hem meniňki bolmaly» diýip dawa edýär. Bize adalatly hüküm çykaryp, dawamyzy çözüp ber» diýipdir. Ol adam arzyny aýdyp gutaran dessine, Dawut pygamber: «Bu adam seniň goýnuňy almak bilen saňa zulum edipdir, nähak çemeleşipdir» diýipdir we beýleki tarapy diňlemezden kararyny mälim edipdir. Onuň doganyna bakyp: «Bu ýerde sen günäkär. Goýny eýesine ber. Heý-de, 99 goýnuň barka, uly süriň eýesikäň, onuň ýekeje goýnuna göz dikýärmiň? Sende kanagat ýokmy?» diýipdir. Dawut pygamber kararyny mälim eden dessine ýaňky dawagärler gözden gaýyp bolupdyrlar. Şol pursatda Dawut pygamber özüniň synalandygyny bilip galypdyr. Bu işde goýberen uly säwligini ýatlap, toba edipdir. Sebäbi iki dawagär gelen wagtynda, ikisiniň hem gepine gulak asmalydy. Birini diňläp, derrew hüküm çykarmaly däldi. Belki-de, bu ýerde dawany ilki mälim eden adamyň özi günäkärdir, anygyna ýetmelidi.

Şeýle ýagdaý aglaba adamzat nesline mahsusdyr. Köplenç halatda, habary ilki aýdanlaryň ýa-da özümize ýakynlaryň tarapyny tutup, beýlekiler babatda galat pikirlere, ýalňyş düşünjelere eýerýän pursatlarymyz bolýar. Soňra şolar hakda ýagşy-ýaman näme ýaňzydylsa, biz her bir maglumaty aňymyzda berkän düşünjeler arkaly süzüp kabul edýäris. Bu bolsa biziň hakykaty doly görüp bilmezligimize we kimdir biri hakda nähak netije çykarmagymyza sebäp bolýar.

***



«Ýagşylyk et-de, derýa at, balyk biler, balyk bilmese, Halyk biler» diýen nakyl halk arasynda juda ýörgünli. Pederlerimiziň pendi siňen eserlerde bolsa «Ýagşylyk et – Halyk biler, şunuň özi ýeterlik» diýilýär. Ýene bir pendi-nesihatlarynda bolsa «Ýagşylyk et we unut» diýip, eden ýagşylygyňy ýatlap ýörmezlik, diliňe almazlyk, minnet etmezlik ündelýär. Çünki ata-babalarymyzyň aýtmagyna görä, «Yzyndan edilýän gep-gürrüň ýagşylykdyr sadakanyň sogabyny köýdürermiş». Berekediň egsilip, özüňde bar bolan ukyp-başarnyklaryň hem ýok bolmagyna sebäp bolarmyş.

Gadym wagtlarda bir adamyň depesinde elmydama bulut gezer ekeni. Çölüň jöwzasynda dagy ol buludyň gymmatyny san we söz bilen ölçäp boljak dälmişin. Ýolda-yzda sataşan, gabat gelen adamlary hem şol buludyň astyna saýalamaga çagyrar eken. Epgekden pena tapmak üçin, mürähede mähetdel adamlar hem onuň ýanynda, şol buludyň saýasynda menzil aşar ekenler. Ýöne depesi bulutly adamyň minnetini welin her kim çekip bilmändir. Ol özüniň bu täsinligi bilen buýsanmagy, öwünmegi diýseň halaýar ekeni. «Eger men bolmadyk bolsam, siz bu çölde heläk bolardyňyz. Şu buludyň saýasy bolmadyk bolsa, jöwzada çürşüp galardyňyz. Munuň ýaly salkynja kölegäni baglardanam tapyp bilmersiňiz. Görýäňizmi, men size nähili kömek etdim?!» diýen ýaly sözler bilen gulaklaryny kamata getirer eken. Onsoň adamlaryň käbiri minnetiň ýalnyna bagryny dagladandan çölüň howruna teniňi dagladanyň has ýeňil diýip, birsellemden soň ho-ol beýleräkden ýörär eken. Ýok, «aýdar-goýar» diýip, aýdýanyna ähmiýet bermeýän biperwaýlar bolsa, barjak ýerlerine çenli onuň bilen ýörär ekenler. Günlerde bir gün oňa şol çöl ýolunda pukara bende sataşypdyr. Ol ony hem buludynyň saýasyna çagyrypdyr. Gele-gelmäne hem öwnüp başlapdyr. Minnet baryny ýagdyrypdyr. Pukara bende sesini-üýnüni çykarman, käwagt bir «hä-hüm» berip, başyny atyp gelýän ekeni. Ahyry bu minnete buludyň özi hem çydam etmändir. Ýolaýrytda pukara bende öz iline sowulmakçy bolanda, ýaňky

öwünjeňiň başyndaky bulut bu garybyň üstüne geçip, ony saýalamaga başlapdyr, öňki eýesinden aýrylyşypdyr.

Käteler biz öz minnetimiz bilen juda öte geçip, başarnyklarymyzyň ýok bolmagyna sebäp bolýarys. Onsoňam, eden ýagşylygyňy diliňe çolap ýörmeklik hem uslyp görülmeýär. Magtymguly Pyragy bu hakda «Bir ýagşylyk etse adam biweji, Her mejlisde ýüz ýol tile getirmiş» diýip ýazýar.

***

Haramyň soňunyň ýokdugy, uzaga gitmeýändigi durmuş wakalarynyň, tymsallaryň üsti bilen gündelik diýen ýaly gulagymyza guýlup durulýar. Göre-göre gelinýän hakykata göz ýumanyň bilen onuň täsiri, hökümi ýitenok, güýji gaçanok. Haram gazanç ahyry bir ýeriňi böwsüp çykýar. Adamy endişä salýan aladalaryň biri – ertiriň – heniz gelmedik günleriň pikirini etmek. Şu gün şoňa ýygnap, basyryp, basyp goýmasa, ertirki gün aç öläýjek ýaly. Janly-jandarlaryň içinde diňe dört zat ätiýaçlyk gor ýygnaýar diýilýär. Şolaryň biri hem adam. Emma «Her günüň rysgy şol günüň özi bilen bile gelýär» diýen ata-baba pähime gulak asýan adamlar üçin howsala düşere, harsydünýälik edere hiç hili sebäp, bahana ýok. Magtymguly atamyzyň: «Ýeter saňa iru-giç, ne ýazylsa kysmatda, Janyňa jepa eýläp, munça gezme hasratda, Sogap ýagşy amalda ýa jud ýagşy niýetde» diýen sözlerini tumar edinip dakynybermeli. Biz öz rysgymyzy azrak emgenip ýa-da eglenip, halal ýol bilen gazanyp bilýärkäk, howlugyp ýa-da hars urup, haram ýol bilen aljak bolmak düýbünden nädogry.

Rowaýatlara görä, bir gezek salyh ýagşyzadalaryň biri goňşy obadaky tanşyna hal-ahwal soraşmaga barypdyr. Bedewinden düşüpdir-de, şol ýerdäki ýaş oglanlaryň birinden öýe girip-çykýança atyny saklamagy haýyş edipdir. Ýagşyzada uzagrak eglenendir-dä, wagty bilen çykmansoň, aty saklap duran oglan özüni içki pikirlerine – nebsine oýnadyp başlapdyr: «Şunça sakladym, wagty bilen çykmady. Çykansoňam, «Taňryýalkasyndan» başga zat beresi ýok. Gel, şu atyň jylawyny, uýanyny bazara eltip sataýyn-da, özüm garbak-gur-

bak edineýin» diýipdir. Şeýdibem, bedewiň ähli şaý-esbabyny alyp, bazar jaýyna ötägidipdir. Barybam, elindäki ähli şaý-seplerini üç dinara satypdyr. Şondan az salym soňra ýaňky ýagşyzada hem öý eýesi bilen daş çykypdyr, hoşlaşypdyr. Aty saklap duran oglana bu hyzmaty üçin üç dinar bermegi ýüregine düwüpdir. Atyň ýanyna gelse, ne oglan bar, ne-de atyň şaý-esbaby. «Men oňa aty saklandygy üçin şu üç dinary bermekçidim. Bähbit bolsun, esbabyny alyp gidipdir, oglan oňarmandyr» diýipdir. Soňra şol ýerdäki ýaş ýigdekçeleriň biriniň eline ýaňky puly tutdurypdyr-da, uýan, eýer, jylaw alyp gelmegi sargapdyr. Bu hem bazara baryp, söwdalaşyp, şol bedewiň hakyky öz esbabyny ýene-de üç dinara satyn alyp getiripdir. Atalarymyz aýdýar ahyry «Halal mal eýesine gowşar» diýip. Bu rowaýat şeýle söz bilen jemlenilýär: eger-de şol oglan birazajyk sabyr, kanagat eden bolsa, şol üç dinary halal ýol bilenem aljak ekeni, emma nebsine uýup, ogurlyk edip, haram ýol bilen gazandy.

Gadymdan gelýän şeýle bir düşünje bar: «Eger-de bir zady haram ýol bilen gazanmak mümkinçiligi peýda bolsa, pähim et, biraz sabyr etseň, sen şonça mukdardaky zady halal ýol bilenem gazanarsyň. Üstesine, halal gazanjyň berekedi zyýada bolar». Çünki alnyňa ýazylan zat, rysgal, baýlyk, şowlulyk, üstünlik, rowaçlyk hiç wagt eýesinden sowa düşmeýär. Ynsanlar Hakyň saňa rowa görmedik zadyny dil bilen, göz bilen, söz bilen alarlar, emma maňlaýyňa ýazylan bagtyňy, rysgal paýyňy welin, hergiz alyp bilmezler. Ynsanyň özüniň hem bu derejesine halal ýol bilen ýetmegi, halallyk bilen gazanmagy eý görülýändir.

***

Dogruçyllygyň we her bir hereketiňde halal gazanmaklygyň niýet-höwesiniň neneňsi gowy zatlary hasyl edýändigini birbada aňşyrmaýan bolmagymyz ahmal. Käteler käbir zatlar ýörite biz üçin döredilen, ykbaldan ýollanan pursat ýaly görünýär. Hatda şol ýagdaýlarda hem has göwnejaý we halala muwapyk hereket etmeklik, göz öňüne getirişimizden hem has gowy zadyň üstünden eltýär.

* 36. Sargyt № 975

Ýaňy maşgala guran ýaş çatynjalaryň öňünde eklenç, gazanç meselesi ör-boýuna galypdyr. Är-aýal bile oturyp, nähili zähmet çekenlerinde has girdejili boljakdygynyň gamyny iýipdirler. Mümkin bolan dürli ýollary ara alyp maslahatlaşypdyrlar, ýöne haýsy bir işiň gyrasyndan barmakçy bolsalar, birbada ugrugar ýaly maýa gorunyň gerekdigine göz ýetiripdirler. «Belki, birbada günlükçi duraryn. Her günki gazanjymyzyň ondan birini has uly maksatlarymyz üçin aýryp bilsek, pylança günden düýpli işe girişmäge gurbatymyz boljak» diýip, adamsy pikirini ýaňzydypdyr. «Ertir irden bolsa metjide baryp, işlerimizi ugrukdyrmagy üçin Hakdan ýardam-enaýat diläýin, enşalla, nireden başlamalydygymyzy kalbymyza guýar» diýipdir.

Pyragynyň «Säher wagty ýatmaň, dileg çagydyr» diýip aýdyşy ýaly, ýaňky pyýada aladaňdan metjide tarap ýola düşüpdir. Namaz okapdyr, dileg-doga edipdir. Metjitden çykyp, öýlerine tarap ýola düşüpdir. Birdenkä onuň gözi bir daragtyň gyrasynda duran düwünçege düşüpdir. Baryp alyp açyp görse, içinde belli bir mukdardaky pul bar ekeni. Ýaňky adam «Pully düwünçegini ýitiren barmy?» diýip, töweregindäki adamlardan sorap başlapdyr. Ýöne hemmeler: «Ýok, biziň-ä habarymyz ýok» diýşip, geçip gidipdirler. Ep-esli wagt eýesini idäp, eýläk-beýläk çarp ursa-da, netije bolmansoň, «Diýmek, bu biziň rysgymyz bolmaly. «Hudaý diýene, Hudaý ýetirýär» diýleni eken. Eýesini sorap, ençeme gezek idedim, seslenen bolmady. Muny öýe alyp gideýin» diýipdir. Öýlerine gelibem, bolan wakany aýalyna gürrüň beripdir. Ýöne aýaly bu hereketi hiç unamandyr. «Bize öz halal zähmetimiz bilen gazanylan baýlyk gerek. Munuň üçin biz hiç der dökmedik. Ertir şol ýerlere baranyňda, ýene-de ideşdir, belki, başga biri ummasyz puluny ýitirip, kösenip ýören bolmasyn» diýipdir. Adamsy ertesi irden hem şol ýerde peýda bolupdyr. Ýene-de pully düwünçegiň eýesini idäp başlapdyr. Birdenkä bir ýaşuly onuň gaşynda peýda bolupdyr. «Inim, men düýn şu ýerlerden geçip gidenim ýadymda, ýöne pully düwünçegimi nirede gaçyrandygym huşumda däl» diýipdir. Ýaşuly oňa düwünçegiň daşky sypatlaryny we içindäki puluň muk-

daryny hem beýan edipdir. «Ine, bu hut şol düwünçek, ýaşuly, alyň» diýip, ýigit ony eýesine gowşurypdyr. Ýaşuly hem düwünçegi alypdyr we içindäki dinarlaryň ýerbe-ýerdigine göz ýetirensoň, düwünçegi ýene ýigidiň eline tutdurypdyr. «Bu düwünçek siziňki. Üstesine, ýene dokuz müň dinar hakyňyz bar» diýipdir. Ýigit ör-gökden gelipdir: «O nähili biziňki bolýar? Ýok, ýaşuly, bu siziňki. Bize öz halal zähmetimize düşen hak ýeterlik» diýip, almakdan ýüz öwrüpdir. «Diňle, ogul, bu pullar aslynda meniňki hem däl. Ýöne sahawatly adamlaryň biri zandyhalal birine ýagşylyk etmegi pugta ýüregine düwen ekeni. Ol meni ýanyna çagyrdy-da: «Senden bir haýyşym bar. Adamlaryň köp gelip-gidýän we ýagşy amal edýän ýerlerine içinde müň dinar bolan şu düwünçegi taşla. Eger-de biri tapyp alsa, soňra hem eýesini idäp başlasa, ilkinji gün sesiňi çykarma. Ertesi gün gaýtadan idemese, şol müň dinar şoňa halal bolsun. Ýöne her bir hereketini has halallamak isleýän biri bolsa we ertesi gün eýesine gowşurmak üçin ýene-de idäp başlasa, bu hereketleri üçin oňa goşmaça dokuz müň dinary gowşur. Bu şonuň kalbyny päk, niýetini tämiz saklap, her bir amalynda, işinde takwalyga, halallyga per berýändigi üçin bizden ýollanan ujypsyzja bir ýagşylyk bolsun» diýdi. Ine, bolan wakalara özüň şaýat. Şonuň üçin hem şol sahy-jomardyň haýyşyny göz öňünde tutup, bu pullaryň ählisini öz halal ojagyňyza siňdirmegiňizi towakga edýärin» diýipdir.

Ynsan hemişe halal hereket etmegi ýüregine düwse we muňa amal etse, ykbal oňa garaşmaýan ýerinden bol-bol bereketleri we üstünlikleri miýesser eder. Her bir müşgil işiň aňsat çykalgasyny görkezer. Işlerini ugrukdyrar we zada zar etmez.

***

«Size ynanylan her bir zat amanat» – bu öten-geçen eždatlarymyzyň sözi.

Amanata hyýanat etmeklik, hakyny ödemezlik bolsa halk arasynda iň ýek ýigrenilýän häsiýet. Syrly söz, wezipe, borç ýa-da kimdir biriniň garamaty, hemaýaty, mahlasy, bize ynanylan her bir zada ygrarlylyk, wepalylyk bilen çemeleşmek gerek. Her bir zady öz hak-hukugynda berjaý etmek wajyp.

Biriniň ynamyny ödemekden uly zat ýokdur. Kimdir birini aldamak we ynamyna kast etmek pikirini seriňe salmazlyk ündelýär, hatda rysgyny dürli ýol bilen gazanýan adamlaram amanata wepalylyk bilen oňa kast etmekligiň arasynda uly parh goýýar.

Bir gün gijaralar goltugy pully düwünçekli bir adam hammama gidip barýan eken. Gözi bilen her kesiň ýagdaýyny, gurbuny ölçäp bilýän ogrularyň biri garama-garama onuň yzyna düşüpdir. Onuň bar maksady amatyny peýläp, sähel bir maý bolsa, oljasyny alyp, sumat bolmak eken. Ahyry bu adam hammamyň gapysyna ýetipdir. Ogry hem onuň edil yzynda duran ekeni. Birdenkä ol adam yzyna öwrülipdir-de: «Eger-de siz, hammama girmek niýetiňiz ýok bolsa, men girip çykýançam, şu düwünçegimi saklap berseňizläň» diýip, pully düwünçegini ogra gowşurypdyr.

Pul eýesi birhaýukdan soňra hammamdan çykypdyr we ýoluny dowam edipdir. «Ahow, ýaşuly, aýak çekseňizläň!» diýen sese ýalta yzyna bakypdyr. Görse, hälki düwünçegini ynanan adamsy. «Ýaşuly, düwünçegiňizi unutdyňyz, me, alyň» diýip, ony uzadypdyr. «Taňryýalkasyn, inim! Içki pikirlerime gümra bolup, geçip gidenimi hem duýmandyryn. Uly ýagşylyk etdiňiz, sag boluň, siz kim bolarsyňyz?» diýip, ýaşuly sorapdyr. Ol: «Men ogry» diýip, jogap beripdir. «Ogry diýýäňizmi? Aý, goýsana, degişmesene» diýip, ýaşuly ýylgyrypdyr. «Ýok, ýaşuly, men, hakykatdanam, ogry, gündelik rysgymy ogurlyk edip gazanýaryn» diýip, ol müýnli başyny aşak egipdir. «Onda näme üçin bu düwünçegi ogurlap gidibermediň?» diýip, ýaşuly geňirgenip sorapdyr. «Men şu düwünçegi ogurlamak üçin sizi yzarlap gaýtdym. Ýöne hammama girmeziňizden ozal siz menden muny saklap bermegi haýyş etdiňiz. Eger-de men şondan owal muny ogurlan bolsam, özümi az-kem ynjalykly duýardym, ýöne ynam edilen zady ogurlamak, ynama kast etmek uly hyýanatdyr. Ogurlygyň hem ynsaba berýän yzasy kän, ýöne amanata hyýanatyň ejirini wyždan asla çekip bilmeýär. Ol hemişe örtenmeler içinde gezýär» diýipdir. «Munuň ýaly düşünjeleriň barka, saňa ogurlyk et-

mek gelişmez. Göwneseň, bir teklibim bar, meniň hyzmatkärim bol. Rysgyňy-harjyňy ýeterlik ödärin» diýip, ýaşuly ol ogra teklip edipdir. Ogry hem şol pursat ähli etmişine toba edip, mundan buýana rysgyny halal gazanmagy ýüregine düwüpdir.

***

Işlerimiziň ugrukmagy, maksatlarymyzyň şowlulygy köplenç halatda özümize bagly. Käbir halatlarda işiň şowlamazlygynyň düýp sebäbini ýazgydyň üstüne atmaga endik edinendigimize garamazdan, ykbalymyzyň biziň öz hereketlerimize, niýetlerimize, pygyl-pällerimize dahylly ýeri has köp ýaly görünýär. Sagdyn kamatly ykbalymyzyň dikelmegi, bize maksatlarymyza ulaşdyrýan ýollaryň arassalanmagy, ýörejek ýollarymyzyň tämiz bolmagy we göze görner-görünmez bela-beterlerden aman-esen gezmegimiz üçin, ilkinji nobatda, özümizi dogry-dürs alyp barmagymyz gerek. Niýet-päliň dürslügi, gönüligi ykbalyň tagtyny hem berkarar saklaýandyr.

Mahal-mahal Süleýman pygamber uçýan halysyna münüp, älem-jahany, yklymlary seýil eder eken. Bu haly örän äpet haly bolup, onuň bir burçunda adamlar, beýleki bir burçunda döw-periler, ýene bir burçunda guş-gumrular, beýleki bir burçunda bolsa haýwanlar ýerleşýän eken. Her görnüşden müňlerçesi şol halynyň üstünde orun alypdyr. Halynyň ortarasynda bolsa Süleýmanyň kürsüsi ýerleşipdir. Günleriň birinde Süleýman pygamber ýene-de ýaňky janly-jemendeleri halysyna mündürip, jahana gezelenje çykypdyr. Al-asmanda howalanyp barýan halynyň üstünde daş-töweregi, tebigaty mazaly synlap bolýan eken. Bu täsinlige göwni göterilen Süleýman pygamber öz ýanyndan, içinden öwünmäge başlapdyr: «Maňa nähili uly we täsin zatlar bagyş edildi. Men asman-zemini üstden-astdan synlap bilýärin. Meniň ynsa-jynsa, ähli janly-jandara sözüm ýöreýär, olaryň hiç biri aýdanymdan çykyp bilenok...» diýipdir. Süleýman şu pikirleri kellesine getireni hem şol eken welin, halynyň bir tarapy bir ýana agyp başlapdyr. Muňa dergazap bolan Süleýman pygamber hala

hemle atypdyr: «Eý, haly, gönel hany!» diýip, azmly buýrupdyr. Bu sözlerden soňra halynyň beýleki tarapy hem agypdyr. Müňlerçe janly-jandar aşak ýykylyp, heläk bolupdyr. Süleýmanyň gahary has-da möwjäpdir: «Saňa soňky gezek buýurýaryn, gönel!» diýip seslenipdir. Şol wagt haly: «Ilki özüň gönel. Meniň erkim saňa baglanan, sen gönelseň, men öz-özümden gönelerin» diýip jogap beripdir. Süleýman içki pikirleriniň hala nähili aýan bolandygynyň syryna düşünmese-de, bu ýerde ähli günäniň özüniň hekemsiremegindedigine magat göz ýetiripdir. Içinden toba edip, öňki pikirlerine ökünipdir. Hatda şojagaz içki pikirleriň hem halynyň ýagdaýyny üýtgedip bilýändigine haýran galypdyr. Dessine tobasyna daýanan Süleýman uçýan halysynyň hem endigan uçup başlandygynyň şaýady bolupdyr.

Biziň pikirlerimiz, niýetlerimiz, maksat-hyýallarymyz, hereketlerimiz – biziň uçar halymyz. Ykbal halysynyň belentden ýa pesden uçmagynyň, bir menzil ýa-da müň menzil aşmagynyň, oňa bir adamyň ýa-da müňlerçe ynsan ykbalynyň ýerleşmeginiň, hemişe badyrowan hereket etmeginiň özümize bagly tarapy – biziň niýetlerimize baglydyr.

Amallar niýetlere görädir.

***

Alyn deriň siňen, öz eliň degen halal zähmetiň tagamy, täsiri üýtgeşik bolýar. Indiki ädimleriň batly we rowan bolmagy üçinem halallygyň uly ähmiýeti bar. Käteler ýagşy amallara döwtalap topulmaklygy, höwesli ýapyşmaklygy bir gyrada goýup, ýüregimiziň arassalygyny, päkligini, kir-kimirli niýetlerden tämizligini ileri sürýäris. «Esasy zat, ýüregiň ak bolmagy gerek» diýen düşünjelere per berýäris. Ýöne kämil bagty üpjün etmek üçin ýüregiň aklygy ýeterlik bolmaýar. Ynsan öz ykbalyny zähmet bilen bezän halatynda, onuň öwüşgini, ýüzüniň nury artyp başlaýar. Gadym döwürlerde uly pirleriň biri Bahaweddin Nagyşbendiniň ýanyna şägirtlige höwesek ýaşlar sil deýin akym edip durmuşyn. Olaryň ählisinde hem şol bir matlap, maksat bar – ussat piriň şägirdi bolmak, tälim-terbiýe al-

mak. Pir hezretleri şägirtlige gelen her bir talybyndan ylym-bilimden öňürti haýsy hünäriň hötdesinden gelýändigini soraýan eken. «Näme hünäriň bar? Haýsy işleri başarýarsyň?» diýen mazmunly sowallar şägirtlige kabul edilmegiň ilkinji şertleri eken. Eger-de haýsydyr bir ugurdan, hünärden başy çykýan bolsa, ony şägirtlige kabul edipdir. Hiç bir zähmetiň garasyny görmedik bolsa, ol dalaşgäri yzyna ugradar eken: «Oglum, ylym öwrenjekligiň çynyň bolsa, git-de bir hünär öwrenip gel. Biziň ýolumyzda başga biriniň eklenjinde ýaşamak, garamatyňy özgeleriň üstüne atmak, gaýrylara tama gözi bilen bakmak hergiz makul görülýän däldir. Her kim öz başyny çarar derejede taýýarlykly bolmalydyr. Aňyň ylym-pikir bilen, kalbyň diliň-zikir bilen, eliň hünär bilen bolmalydyr» diýer eken.

***

Danyşment öýüne myhman bolan ýigitleriň biri ýagşylyk etmegiň, sadaka bermegiň sogaby-pazylaty hakda gyzyklanypdyr. «Ýagşylyk ýaşyryn edilse gowumy ýa-da açyk-äşgär edilse?» diýip sorapdyr. Danyşment oňa: «Ikisi-de ýagşy, esasy zat – göz üçin edilmese bolýar» diýip jogap beripdir. «Ýagşylygy ýaşyryn etmegiň ähmiýetli tarapy, beýleki tarap seniň öňüňde özüni müýnli, bergidar duýanok. Ýetiren zady üçin Ýaradana şükür edip geziberýär. Açyk-äşgär etmegiň pazylatly tarapy bolsa, beýlekileriň hem görelde almagy üçindir» diýip, sözüniň üstüni ýetiripdir.

Ir eýýamlarda bir sebiti guraklyk, gahatlyk gurşapdyr. Asmandan nem dammandyr, toprakda ot bitmändir. Mahal-mahal şeýle hadysalaryň bolmagy adamlaryň özara gatnaşygyny, birek-birege garaýşyny, husytlygyny ýa jomartlygyny synamak üçinem bir pursat saýylar eken. Bir maşgalanyň keşigi boýnunda bolan adamlaryň biri haýsy bir işiň başyny tutjagyny bilmändir. «Ýykylsaň, ýere ýapyş» diýen sözem ol döwre uýgun bolmandyr, sebäbi toprakdanam bereket göterlene meňzeýän eken. Günlükçi bolmaga-da kaýyl ekeni, ýöne bu ýagdaý ulus-ili gurşansoň, işem tapdyryp durmandyr. Birine ýüz tutmagy bolsa, ýek ýigrenýän ekeni. Ýöne käteler hiç kimiň öňünde

epilmedik biller durmuş ýagdaýlarynyň öňünde epilmeli bolýar. Ähli çykalgasy petige diränsoň, barjamly birine ýüz tutup, bu gahatlyk aradan aýrylýança karz-kowal almagy ýüregine düwüpdir. Birdenkä hem goňşy obada ýaşaýan dogany ýadyna düşüpdir. Onuň hojalygy gurpluja ekeni. Ömrüni söwda-satyga bagyş edensoň, puly gazanmagyň we sowmagyň, gerek ýerinde harja dözmegiň ugur-utgusyny bilýän ekeni. Ol agasynyň gapysyny kakypdyr. Töre ornaşyp-ornaşmazdan, ýagdaýyny mälim edip, biraz mütdetlik karz-kowal isläpdir. Ýöne dogany yzgytsyz nazar bilen bakyp, «Men her gelene eçilip dursam, bu mülkümden nam-nyşan galmaz. Bu zamanada özüňi bilmek gerek. Saňa hiç zat berip biljek däl» diýip, ýüzüni kese sowupdyr. Dilege geleniň karzdan umydy uly bolmasa-da, beýdip ýüzüne urulmagyna asla garaşmaýan ekeni. Şeýdip, ol doganynyň huzuryndan öýkeli halda yzyna dolanypdyr. Gapydan çykar-çykmazam hüňürdäp başlapdyr: «Nä döwür, nä zamana boldy. Doganyňdan delalat ýok, beýlekilerden haraý islemegiň hajaty nä? Menem ony giden-gitdi soramog-a, ýagdaýym boldugyndan üzmekçidim. Bähbit bolsun diýäýmekden başga ýol galmady..» diýip, lapykeç didelerini aşak salyp, öýüne tarap ugraberipdir. Inisi howlynyň gapysyndan uzaklaşan badyna, ýaňky barjamly dogany bir hyzmatkärini ýanyna çagyrypdyr. Içinde iki müň dirhem bolan haltajygy eline tutduryp, inisiniň geçýän ýolunda oturmagy tabşyrypdyr. «Gatyryň üstüne iki halta uny ýükle we şol jelegaýlarda garaş. Inim görnen badyna, ony ýanyňa çagyr we özüňe kömekleşmegini sora. Eger kömekleşse, boş goýmajakdygyňy, zähmetiňe düşýän haky berjekdigiňi aýt. Bu unlaryň bir haltasyny gatyra ýükleşer welin, beýleki haltany we bu dirhemleri onuň eline tutdur. Goý, ol bu zatlary özi gazanan ýaly görsün» diýipdir. «Hojaýyn, munuň ýaly oýun gurmak nämä gerek? Ýaňy gelende berip goýberen bolsaňyz, hem ummasyz alkyşa eýe bolardyňyz, hem-de iniňiz beýle lapykeç dolanmazdy» diýip, hyzmatkär geňirgenipdir. «Sen aýdylanlary ýerine ýetir. Men oňa karz bersem, ol hemişe özüni meniň öňümde bergidar duýar, men inimiň beýle gezmegini islämok,

hatda üzmek hökman däl diýsemem, barybir üzlüşmek üçin artykmaç alada eder» diýip, hojaýyn etmeli-goýmaly zatlary hyzmatkärine pugta tabşyrypdyr. Hyzmatkär aýdyşy ýaly berjaý edipdir. Onuň geçer ýolunda garaşypdyr. Peýda bolanyndan, kömege çagyrypdyr we bu zähmeti üçin ýaňky pullary we dirhemleri oňa halallyk bilen gowşurypdyr. Inisi muňa örän begenipdir: «Biraz sabyr edip, agama ýüz saraltmadyk bolsamam boljak ekeni. «Agyz beren, aş berer» diýleni, pikir etmeýän ýeriňden Hudaý ýetirýär» diýip begenip, öýüne ýetipdir.

Aradan ep-esli ýyllar geçipdir. Gytçylyk, gurakçylyk hem aýrylypdyr. Her kim kadaly durmuşyna, endigan ýaşaýşyna dolanypdyr. Ýaňky inisi bolsa ol gazanan pulunyň berekedi bilen özüni tutupdyr, has-da baýapdyr. Bir gün sebitiň uly baýy toý tutupdyr we golaý-goltumdaky ähli adamlara çakylyk ýollapdyr. Gürrüňden-gürrüň çykyp, birek-birege ýagşylyk etmek, kyn günlerde ýardamyna ýetmek ýaly söhbetler gyzyp ugrapdyr. Şonda ýaňky inisi agasyna bolan öýkesini saklap bilmän, daşyna çykarypdyr: «Mundan birnäçe ýyl ozal ýardam isläp, gapyňyzdan ätlänimde, meni kowup goýberdiňiz. Ine, bu gün Hudaýa şükür, meniňem ganymat günüm bar. Ýöne men seniň ýaly bolmaryn. Ýagdaýym boldugyndan ile-güne kömek ederin» diýipdir. Doganynyň ýanynda bu zatlardan habarly hyzmatkäri hem bar ekeni. Ol bu gürrüňleri diňlänsoň, hojaýynyndan ähli hakykaty bolşy-bolşy ýaly aýtmagyny sorapdyr. Ýöne dogany oňa hiç zat ýaňzytmazlygy tabşyrypdyr: «Ýagşylyk etseň, kämil et» diýilýär. Biz öz niýetimizden ugur alyp, ýagşylyk etdik, derýa atdyk. Balygyň bilmegi hökman däl, Halygyň bilýändigi ýeterlik» diýip, sesini çykarman oturypdyr. Sebäbi aslynda hem onuň maksady ýagşylygy kimiň edendigini bildirmek däl-de, ak ýürekden ýagşylyk etmekdi.

***

Berekediň zyýada bolmagy üçin terezini dogry ölçemek gerek. Köplenç halatda biz bu düşünje hakda pikir ýöredenimizde, bazarlarda hem-de söwda merkezlerindäki asma ýa-da daşly tereziler göz

öňümizde janlanýar. Agramyny egsip ölçemezlik, hatda gramyny hem iýmezlik talap edilýär diýip düşünýäris. Ýöne diňe satyjylarda däl, eýsem, biziň her birimizde hem özboluşly terezi bar. Kimler ony «ynsap terezisi» diýip atlandyrsa, kimleriň aňynda ol «Wyždanyň mizany» ady bilen mäkäm orun alypdyr. «Ynsap» sözüniň hem aslynda «adalat» manysyny berýändigini ýatlasak, onda biziň aýdýan her bir sözümiziň, mälim edýän çözgüdimiziň, gelýän netijämiziň mümkingadar adalatly bolmagy gerek. Bu özgeleriň ukyp-başarnygyna, gylyk-häsiýetine, ýerine ýetirýän işlerine baha berenimizde hem adalatly bolmalydygyny, tereziniň bir gyrasyna barmak bilen basyp, beýleki tarapynyň agramyny üýtgetmeli däldigini aňladýar. Berýän bahalarymyzda öte geçmegem, bärden gaýtmagam nädogry. Megerem, ynsap terezisinde nähak ölçemek bazar terezisinden hem has jogapkärlidir. Sebäbi bazarda harytlaryň ykbaly, bu ýerde bolsa ynsanyň ykbaly orta goýulýar.

Gadym döwürlerde iki sany goňşy obanyň sapak – tälim alýan ýaşlary bir ýerde jem bolupdyrlar. Goltugy kitap-depderli, başy selleli ýaş-ýeleňleri obanyň tanymal baýy zyýapata çagyran eken. Ylym ýolunda yhlas edýänlere haýyr-yhsan etmek iň sogaply amallaryň biri hasaplanýar. Üstesine-de, bu beýleki oba adamlarynyň hem ylma bolan höwesini artdyrmak üçin uly mümkinçilik ekeni. Talyplar zyýapatyň dowamynda öwrenen, özleşdiren ylym-bilim gorlaryny synap görer ekenler. Her obanyň has bilermen talyplary özara bäsleşipdirler. Olara baha bermek üçin hem bu ýere gelen sowatly myhmanlaryň biri bekewül bellenipdir. Özara ylmy çekişme hem gyzypdyr. Elipden başlap, ebjediň ähli hasaby tükel edilipdir. Bir ýerde durulmandyr, ýedi gat Zeminden ýedi gat asmana deňiç ähli aralyk dörjelenipdir. Mahlasy, gyzgalaňly ylmy çekişmäniň dowamynda oba adamlary hem köp zatlary öwrenip, dünýäniň ýaradylyşyndan öz günlerine çenli bolan taryhy wakalardan hem habarly bolupdyrlar. Söhbediň iň gyzykly ýerleriniň birine – bekewüliň baş baýragy kime berjekligine gelip ýetipdir. «Pylany ýeňiji» diýip, iki sözde aýdyp

oňmak hiç laýyk görülmändir, bekewül kimiň name üçin üstündigini delillendirmäge we köpçüligiň ynamyny gazanmaga borçly ekeni. Bekewül söze başlapdyr: «Oglanlaryň ählisiniň ýetişigi-de, taýýarlygy-da örän gowy. Diňe öwrenenlerini gaýtadan aýdyp bermekleri däl, eýsem, özbaşdak pikirlenmäge ukyplydyklary, dürli çözgütleri orta atyp bilýändikleri öwgä mynasyp ýagdaý. Ýöne ýaryşyň şertine görä, bir ýeňijini saýlamak gerek. Meniň, ine, şu oglanda synym oturdy. Tüweleme, gepi-sözi jaýba-jaý. Özüni alyp barşy juda edepli, salykatly. Häsiýeti ýumşak. Kalbynda, köňlünde zerre ulumsylyk ýok. Ýersiz-ýere gülümsiräp oturanok. Öz pikirlerini takyk beýan edýär, sowallara nagt jogap berýär…». Bekewüliň bu ýaş ýigide bolan alkyşy, tarypy gutarar ýerde hem soňlanmandyr. Oba adamlary hem birbada bu netijäni degerli hasaplapdyrlar, ýöne öwgüleriň soňy tükeniksizlige ýazansoň, hyşy-wyşylar artyp ugrapdyr. Sebäbi her bir zat öz çäginde bolsa ýagşy, «Çäginden ýa-da çäkden çykan islendik zat, öz aslynyň tersine öwrülýändir» diýen söz bar. Märekede oturan ýaşulularyň biri ardynjyrap, «netijäniň» arasyny bölüpdir. Bekewüle ýüzlenip: «Dogrudanam, bu oglanda synyň eglenipdir. Ýöne baha bereniňde, akyly duýgulardan ýokarda goýmak gerek. Seniň bu öwgüleriň ol ýigidiň häzirki derejesine berilýän dogry baha bolsa-da, onuň geljegine basýan böwediňdir. Çünki daragtlary guratmagyň iki ýoly bar. Birinjisi, olary suwsuz goýmak, ikinjisi, olara gereginden artyk suw bermeklik. Zehini guratmagyň hem iki ýoly bar. Birinjisi, olary ünssüz goýmaklyk, gadyryny bilmezlik. Ikinjisi, olara gereginden artyk alkyş aýtmaklyk, taryp etmeklik. Tereziniň iki tarapyny deňlemeseň, hasap dürs çykýan däldir» diýipdir. Bekewül şondan soň, ol ýigidiň mynasypdygyna garamazdan, öz öwgüsinde öte geçendigine düşünipdir.

Şeýle ýagdaý biziň her birimizde bolup bilýär. Kimdir birine baha bermekçi bolanymyzda, öz duýgularymyzy akyldan üstün goýýan pursatlarymyz ýa-da asyl hakykatyna göz gezdirmän, kimdir biriniň gepine güp ynanyp, «belli-külli» karara gelýän… we ýalňyşýan pursatlarymyz az däl. Bu bolsa gazançdyr girdejä hem täsirini ýetirýär.

Eger-de rysgaldyr berekedimizde göwün gandyryjy gönençlik göze ilmeýän bolsa, diýmek, bizem käteler nirededir bir ýerde tereziniň bir tarapyna barmak bilen basyp, agramyny üýtgetmäge synanyşan bolmaly…

***

Käteler eklenç aladalaryna gümra bolup, gazanjymyzyň berekedini artdyrýan ýönekeý zatlary ünsden düşürýäris. Ynama ygrarly bolmak, amanat zady haýal etmän hak eýesine gowşurmak, beren sözümizi wagtynda bitirmek, tölenýän hak-heşdegi ýeterlik zähmet bilen ödemek ýaly zatlar hem rysgyň giňemegine, berekediň zyýada bolmagyna ýardam edýär. Ata-babalarymyzyň pähimli pentlerinde «Eger-de işleriň ugrukmasa, ýagşylyk et. Eger-de dünýäň gysby, göwnüň dar görünse, ýagşylyk et. Bir maksadyň şowly amala aşmagyny isleseň, öňünden bir ýagşylyk et. Bir dertden aýňalmak isleseň, ýagşylyk et». Mahlasy, işleriň ugrukmagyny, barha rowaç almagyny isleýän bolsak, hemişe ýagşylyk edibermeli. Bu gadymdan gelýän ýörelgedir. Berekedi artdyrýan ýene-de bir ähmiýetli zat bar. Munuň hakykatyny her kim öz durmuşynda hem görüp biler.

Gyşyn-ýazyn argyşa gidip, uzak menzilleri sökýän we giden-gezen ýerlerinden del harytlar getirýän, ady-çawy çar tarapa ýaýran, tanymal söwdagärleriň biri akyldaryň bosagasyndan ätläpdir. «Dana baba, rysgalyň ondan dokuz bölegi halal söwdada» diýilýär. Nirä barsam, gelsem, halal söwda etdim. Öz bähbidimi ileri tutup, kimdir biriniň hakyny iýjek bolmadym. Bir kesi çürkemek meýli asla döremedi. Gije-gündiz ýortup, ýadawlygy ýada salman, elimde baryny etsemem, haryt baryny getirip, horjun-horjun dirhem-dinarlary, gülber-gülber harytlary toplasamam, munuň hiç bir berekedini duýamok-la. Her gezekki argyşdan ummasyz girdeji galýan ýaly welin, gelen puluň nämä gidýänine akyl ýetirip bilemok. Şeýle ylgaýşyma, ezenegim ýerden galaýjak ýaly welin, hiç bir täsiri bildirenok. Hamana, haltalap çöplän gazanjym, halpyk agyzdan dökülýän ýaly, munuň

sebäbi nämedekä? Men nirelerde nähili hata goýberýärkäm?» diýip, arzyny mälim edipdir.

«Rysgalyň ondan dokuz böleginiň söwdada jemlenýändigi rast aýdylan söz, emma bereket diýip ýene bir zat bar. Gepiň hörpünden aňlaýşyma görä, sen söwda öte gyzygypsyň. Berekedi üpjün edýän zatlaryň iň esasylarynyň birini welin, unudana meňzeýäň» diýip, dana baba dillenipdir. «Näme syry bar bolsa, aýdyň, gurbum-güýjüm ýetdiginden ýerine ýetirerin. Bilip-durub-a hataly joýadan ätlemedim, belki-de, bilmän goýberýän säwliklerim berekediň gelmegini bökdäp durandyr» diýip, söwdagär hatanyň özünde bolup biljekdigini ýaňzydypdyr.

«Söwda-satyga gyzygyp, ýurt baryny söküýänsiň. Sen obanyň toý-märekesine gatnaşmaga, ýakyn garyndaşlaryň bilen hal-ahwal soraşmaga wagt tapýarmyň?» diýip, dana baba oňa sorag bilen ýüzlenipdir. «Oba-gara hakda aýtsam-a, her kim öz pişesi bilen gümra. Toý-märekänem mahal-mahal jemläp aýlanyberýän. Dogan-garyndaşlarym hakda aýtsam, olaryň hem maňa galyp duran güni ýok, öz başlaryny özleri çaraýar. Menem göwün hoşuna söwda edemok, çagalaryň geljegi diýip, gije ukudan, gündiz dynçdan galyp, ýollar söküýän. Hemişe-de halal hereket etjek bolýan» diýip, söwdagär özüniň gündelik durmuş ýagdaýyny gürrüň beripdir. «Sen gazanç çeşmesi hökmünde söwdany ileri tutupsyň, halal pişä baş urupsyň. Ýöne garyndaşlaryň bilen gatnaşmagy we köpçüligiň toýuna-märekesine gatylmagy unudypsyň. Islendik zady iň bereketli zada öwürýän sebäp – garyndaşlyk gatnaşygy hem-de toý-märekelere wagtynda baryp, il derdine ýarap, hyzmat edip durmakdyr. Her gezek gelip-gideňde, ýakynlaryň halyndan habar alyp, salama baryp dursaň, eliňden gelen ýagşylygy edip bilseň, il-günüň toý-tomgusyna, märekesine gatnaşyp, halka bolan hormat-sylagyňy hakykat ýüzünde mälim edip bilseň, berekediň bahar ýagmyry ýaly guýlup başlajakdygyna şübhe bolmaz» diýip, dana baba jogap beripdir. Aýtmaklaryna görä, garyndaşlary bilen gatnaşmaýan we köpçülikden gaça durýan adamyň

özünde hem, öýünde hem, tapdym diýýän rysgal-döwletinde hem bereket bolmaýarmyşyn.

***

Unudylmaýan zatlaryň biri ýagşylyk. Magtymgulynyň «Garyp, misgin bilen bir ýere gitseň, ýadyndan çykarmaz, ýagşylyk etseň» diýen setirleri bu durmuş hakykatynyň beýanydyr. Diňe edilen ýagşylyklar däl, eýsem, aýdylan ýagşy sözleriň özi biziň dünýämizden asla-asla çykmaýar. Hoşamaý sözde tutuş bir ömre ýeterlik täsir bolup bilýär. «Ýagşy söz ýylany hinden çykarar», «Hoşamaý söz süňk döwdürer» mazmunyndaky atalar sözleriniňdir nakyllaryň nesillerden-nesillere geçmegi, süýji sözüň köňle ornaýandygy hakdaky söz-söhbetleriň hiç wagt kiparlamaýandygy hem belki, şonuň üçindir. Ýaşaýyş-durmuş we iş meselesinde, öý-maşgala gatnaşyklarynda hem ýakymly sözüň bitirýän işini gaýry hiç bir zat bitirmeýär. Muňa gündelik durmuşymyzyň mysalynda hem, göz ýetire-ýetire gelýäris. Maşgala durmuşlaryndan, ata-eneler bilen çagalaryň arasyndaky gatnaşyklardan mysal alyp göräýeli. Käteler gahar-gazaba eýlenip, sesiňe bat bermegi bir gyrada goýup, demiňi dürsäp, özüňi rastlap, mylakatlylyk bilen iş alyp barmagyň netijesi juda guwandyryjy ahyryn. Gorkuzyp, mejbur edip işletmek bilen göwnedip işletmegiň arasynda Ýer bilen Gök ýaly tapawut bar. Saýlamak – özümize bagly.

Bir gezek bir gurluşyk firmasynyň hojaýyny zerur gurluşyk harytlary bilen üpjün edilmeýändigi üçin hyzmatdaş kärhana ýüz tutupdyr. Emma olardan ne-hä isleg bildirilen haryt gelipdir, ne-de göwün gandyryjy jogap. Onsoň hojaýynyň kejebesi darygyp başlapdyr. Ol kätibine ol edara hat ýazmagy tabşyrypdyr. Hatyň umumy mazmunyny aýdypdyr: «Siziň geleňsizligiňiziň uzak ýyllaryň dowamyndaky özara gatnaşyklarymyza zyýan ýetirmegi mümkin. Biz özümize zerur bolan gurluşyk harytlary üçin degerli tölegi mundan birnäçe aý öň geçiripdik, muňa garamazdan, ol harytlar heniz gelip gowşanok. Şol sebäpli biziňem işimiz togtamagyň öňüsyrasynda. Eger-de bu hatdan degerli netije çykarmasaňyz, onda biz gurluşyk harytlary bilen

üpjün edýän başga bir kärhana ýüz tutmaly bolarys. Gaýdyp siz bilen hyzmatdaşlyk etmekden ýüz öwreris. Bazar gatnaşyklarynda bolsa, ygtybarly hyzmatdaşyňy ýitirmek uly ýitgidir...». Şu mazmundaky haty ýazmagy tabşyrypdyr-da, ol ýüz ugruna çykyp gidipdir.

Biraz wagtdan kätip taýýar edilen haty uzadyp: «Hojaýyn, hut öz aýdyşyňyz ýaly beýan etdim» diýipdir. Gahar dumany sowlup, özüni dürsän hojaýyn bu haty okap, ör-gökden gelipdir. «Ýok, ýok, bolmaz. Beýle haty asla ugradyp bolmaz. Olar biziň köpýyllyk hyzmatdaşymyz ahyry» diýipdir. Kätip haýran galmakdan ýaňa ör-gökden gelipdir. Derhal özüni goramagyň aladasyna geçipdir: «Hojaýyn, men diňe siziň öz aýdanlaryňyzy ýazdym, artyk hiç bir zat goşmadym ahyryn» diýipdir. Kätibiniň ýagdaýyna düşünen ýolbaşçy: «Bilýän, ýadymda, men ol wagt juda gaharlydym we gaharymy sowaşdyrmalydym. Maňa gaharymy ýumşadar ýaly bir zat gerekdi. Şonuň üçin hem men şu haty ýazmagy tabşyrdym. Ýöne, öýkedir gahara ýugrulan sözler beýleki tarapda hem söýgi döredip durmaz. Biz öz bähbidimizi bilmeli ahyry. Şonuň üçin hem ähli gaharymy özüne siňdiren bu haty zibilli gutujyga ataly-da, olara şeýle mazmundaky haty ýazaly: «Siz tutuş sebitde tanalýan kärhana. Siziň bilen işleşmek isleýänleriň sanynyň barha artýan wagtynda biziň käbir ýüztutmalarymyzyň biraz gijigip gelmegi kabul ederlikli ýagdaý. Siziň täze hyzmatdaşlaryňyzyň sany artýan hem bolsa, biz siziň bilen köne dostdugymyza, ýyllaryň synagyndan geçen hyzmatdaşdygymyza örän buýsanýandyrys. Gatnaşyklarymyzyň mundan bu ýana hem jebis boljakdygyny ýene bir ýola nygtaýarys. Tüýs ýürekden ynanýarys. Pursatdan peýdalanyp, gurluşyk harytlarynyň täze tapgyry üçin zerur bolan pul mukdarynyň kärhanaňyzyň hasabyna geçirilendigini hem ýatladýarys. Size uly hormat bilen ...».

Birnäçe wagtdan soň garaşylýan ýük gelipdir. Ýüküň ýanynda şeýle mazmunly ugrukdyryjy hat hem bar eken: «Soňky döwürlerde bize gelip gowşan hatlaryň arasynda biziň işlerimize dogry baha berip bilen ýeke-täk hatyň Size degişlidigi bizi örän begendirdi.

Siziň ynamyňyz özara gatnaşyklarymyzyň has-da ilerlemegine itergi berer diýip umyt edýärin. Pursatdan peýdalanyp, biz öz ygtybarly hyzmatdaşymyza gurluşyk harytlaryny elýeterli bahalardan bermegi niýet edendigimizi hem ýatlatmak isleýäris...».

Görşüňiz ýaly, gurluşyk firmasynyň ýolbaşçysy gahar eden bolsa, heniz açyk duran gapyny gaýdyp açylmaz ýaly derejede ýapardy. Emma mylakatly gatnaşyklaryň geriminiň giňelmegine badalga boldy. Hoş söz diňe bir bagly duran gapyny däl, eýsem, onuň ýany bilen mümkinçilikleriň ýene birnäçesiniň gapysyny açyp berýän eken.

***

«Tekepbiri Taňry söýmez». Diňe Hakyň däl, halkyňam halamaýan häsiýetleri tekepbirlik hem ulumsylykdyr. Özüňe ynamly garamak bilen badyhowalygyň, çendenaşa göwnüýetijiligiň arasynda ullakan parh bar. Ony duýmak kyn däl. Baý durmuş tejribesi bolan ata-babalarymyzyň aýtmaklaryna görä, ulumsylygyň hem iki görnüşi bar.

Gezen ýerleriňde özüňi hondan bärsi alyp barmak, ylym-bilimde, baýlykdyr başarnykda köp kişiden rüstemdirin öýtmek, beýlekilere göwnüýetmezçilik bilen garamak, sähel ýeri-ýagdaýy gelende, olary özüňden pes saýmak ýaly häsiýetlere açyk ulumsylyk diýilýär. Ikinjisi bolsa, ýaşyryn ulumsylyk, ýagny tekepbirlik. Beýle adamlar il arasynda özüni asuda-parahat alyp barýanam bolsa, içinden beýlekilerden has gowudygyny mazamlap, özüni magtap, ýaşyryn ulumsylyk edýär.

Emma bularyň ikisi hem ýazgarylýan häsiýetler. Aslynda, durmuşda zehinsiz, başarnyksyz ýaradylýan adam ýok. Islendik adam haýsydyr bir tarapdan asgyn gelse-de, başga bir tarapdan üstündir. Diýmek, artykmaç adamyň bolmaýşy ýaly, kem adam hem ýok. Eger bar bolsa, onda ol kem adam hiç bir tutaryksyz, sebäpsiz özüni artyk saýýan kişidir. Üstesine-de, «Kemsidilen kemal tapar» diýen söz halkymyzyň arasynda ençeme ýüzýyllyklardan bäri ýörgünli. Beýle ýagdaýlar barada ata-babalarymyzyň hiç hili düşündiriş talap et-

meýän «Altyn gapylynyň hem agaç gapyla dilegi düşer» diýlen atalar sözi üns bererliklidir.

Rowaýat edişlerine görä, bir adam tomzagy synlapdyr hem-de göwnüýetmezçilik bilen: «Bu jandaryň ne owadan keşbi bar, ne ýakymly ysy bar, aslynda, bu näme üçin ýaradyldyka?» diýenmiş.

Aradan köp wagt geçmänkä, ýaňky adam bir dert tapynyp nähoşlaýypdyr. Lukmandyr tebipler ony bejermekden asgyn gelipdirler. Däri-dermanlar hiç hili haýyr bermändir. Emma aýdylmadyk zat barmy näme?! «Hassa sagaljak bolsa, tebibi üstüne gelermiş» diýipdirler ahyryn. Bu hassanyňky hem şeýle bolupdyr. Uzak illerden bu sebitlere ýoly düşen bir tebipde, ejirlere döz gelip ýatan bu hassanyň halyndan habar almak islegi döräpdir. Bu tebibiň ylmy aňyrdan eken, aýdylyşy ýaly, ol örän sowatly bolupdyr. Lukman syrkawyň meňzine seredeninden, derdini we derdiniň dermanyny aňypmyşyn. Şonuň üçin hem ol dessine: «Maňa tomzak getiriň» diýip buýrupdyr. Soňra tebip tomzagy ýakypdyr we onuň külüni hassanyň agyryly ýarasynyň üstünden sepeläpdir. Köp wagt geçmänkä mübtela hassa derdinden saplanypdyr.

Diňe şondan soň ol: «Meni şunça wagt kösän bu agyr dert üçin iň halamaýan jandarym derman bolup çykdy-ow. Aňyrsyna ýetmän bir zat diýäýmeli däl eken-ow. Eger tomzak bolmadyk bolsa, meniň derdim dermansyz boljak ekeni» diýipdir.

Dünýädäki bar zatlaryň hiç birine kembaha garama, käteler bolsa özüňi kemsiden adamlaryň seniň üçin iň gerekli adam bolup biljekdigi hakynda pikirlen.

***

«Akylly adam diňe özüniň däl, eýsem, zürýatlarynyňdyr ýakynlarynyň hem aladasyny edýär» diýilýär. Belki, şonuň üçindir, käbir adamlaryň gurby-gaýraty barka ýedi arkasyna ýeterligini gazanjak bolup, gündiz ýaban ýatyp, gijesini gaýry ýerde düşleýändirler. «Her günüň rysgy şol günüň özi bilen bile gelýär» diýlişi ýaly, ertirki günüň bize nähili sowgatlary, serpaýlary, üstünlikleri getirjekdigini

öňünden kesgitläp bolanok. Rowaýatlara görä, her ynsana ömrüne ýeterlik rysgal bölünip berlipdir. Üstesine, ykbalyň bir eý görýän häsiýeti bar. Ol seni garaşmaýan zatlaryň bilen begendirmegi halaýar. Şeýle bolsa, eklenç meselesini alada etmegem, endişä batmagam ýerliksiz.

Ömrüniň paýawlap barýandygyny duýan Musa pygamber nesil-neberesini göz öňüne getirip, gama batyp: «Men dünýäden ötenimden soň, hernä bular hor-har bir gezmesinler. Ýaşan ömrümde-hä, il gyýa bakar ýaly ters iş etmedim. Dowamatyma nägile bakar ýaly, kimsäniň köňlünde kine döretmedim. Şonda-da, öz hünärleri, kärleri bilen gazanyp bilseler, özgelere el sermeseler, ýüz saraltmasalar, öz başlaryny özleri çarasalar bolýar…» diýip, böwrüni hümledip oturan eken. Şol wagt onuň kalbyna arşy-agladan: «Eý, Musa, ýeriňden gal-da, deňziň kenaryna bar. Hasaňy deňze ur, suw ikä bölüner. Deňziň düýbünde bir daş bardyr, hasaňy degirseň, ol daş hem ikä bölüner. Sen meniň gudratymy şol ýerde görersiň» diýen ses eşidilipdir. Musa pygamber aýdylyşy ýaly edipdir. Deňziň gyrasyna baryp, hasasyny suwa degripdir welin, suw serpilip, deňiz ikä bölünipdir. Aýdylyşy ýaly, deňziň düýbünde bir daş bar eken. Musa pygamber elindäki hasasyny daşa dürtüpdir welin, daş darka ýarylyp, ikä bölünipdir. Seredip görse, şol daşyň içinde bir gurçuk ýaňy ýolnan ter ýapraklaryň birini gemrip ýatan ekeni. Musa muňa haýran galypdyr. Şol wagt: «Eý, Musa, ýedi gat deňziň düýbündäki daşyň içindäki gurçuga rysgyny ýetirýärin, ýeri onsoň, ýeriň üstünde gezip ýören zürýatlaryňa rysgyny ýetirmek maňa kyn düşer öýdýärmiň?» diýip, hälki ses gaýtadan gulagynda ýaňlanypdyr. Musa pygamber bu ylahy hikmete we gören gudratyna haýran galyp, şondan soň güzeran gaýgysyny etmejekdigine söz berip, toba edipdir.

***

Akyldarlaryň birinden gybatyň nämedigini sorapdyrlar: «Ýanyňyzdaka ýüzüne aýtmakdan ejap edýän zatlaryňyz hakynda

ýeňsesinden gürlemek» diýipdir. «Ýöne biziň gürrüňini edýän zatlarymyz şol adamda bar bolsa näme?» diýip, adamlar has anyklamak isläpdirler. «Şol häsiýetler şonda bar bolsa «gybat» diýilýär, ýok bolsa, onda oňa «töhmet» diýilýär diýip, akyldar sözüni dowam edipdir. «Üç zady başarmasaňyz, beýleki üç zatdan: ýagşylyk edip bilmeseňiz, ýamanlyk etmekden saklanyň. Adamlara nepiňiz degmese, olara zelel ýetirmekden saklanyň. Diliňizi saklamagy başarmasaňyz, gybat edip, ynsan mertebesini çeýnemekden saklanyň» diýipdir.

Toý-märekeleriň birinde gürrüňdir gybatyň gyzan wagty ekeni. «Agyz agyzdan ýel alar» diýlişi ýaly, her kim bilenjesini orta oklap oturyşyna, üstünden ätlenilip ötülýän adam ýetmändir. Şol ýerde ýok her kime deglipdir. Her kim dile düşen biri hakda näme gören-eşiden bolsa, gürrüňe girişmäge juda döwtalap ekeni. Toý eýesi bu ýagdaýa biraz sabyr etse-de, soňra kanagaty ýetmändir. «Gybaty bes ediň» diýip, gönümel aýtsa, toýa gelenleriň göwnüne degjek. Hiç zat ýaňzytmasa-da, toý lezzeti başga ýana ýazyp gitjek. Ahyry bir çykalga tapypdyr. Atasyndan eşiden tymsaly güpbe ýadyna düşüpdir. «Size bir sowalym bar» diýip, toý eýesi märekä ýüzlenipdir. Her kim bu üýtgeşik gürrüňe üşerilişip, ses gelen tarapa bakypdyr. «Eger bir adam ukuda ýatan bolsa, şol wagt ýel öwsüp, onuň owrat ýerini çalaja açsa, siz şony örtermidiňiz?» diýipdir. Her ýerden jogap sesleri eşidilip: «Elbetde, örterdik, bu hem sogap, hem edep ahyry» diýşipdirler. «Ýöne siz şol ýerini örtüp, galan ýerini açýaňyz ahyry» diýip, toý eýesi aýdypdyr. Märeke: «Toba, toba, biz nädip galan ýerini açýarys? Bu nä jüre gep?» diýşip, geň galypdyrlar. «Ýanyňyzda bir adamyň ýaramaz häsiýeti ýatlanylsa, siz üýşüp, beýleki ýaramaz häsiýetlerini hem birme-bir açyp başlaýarsyňyz. Ýogsam, şol häsiýetleriň köpüsi gürrüňini edeniňe-de degenok. Ýene birnäçe häsiýeti bardyr, ol gylyklaryň saňa ýaramaýandygy onuň erbetdigini aňladanok» diýip, toý eýesi sözüni delillendiripdir. Märekäniň sesine suw sepilen ýaly bolupdyr.

***

«Karunyňky ýaly mülk isleseň, Karunyňky ýaly nebsiň we yhlasyň bolsun». Bu nämedir bir beýik zady gazanmaga höweslendirmek üçin gadymda aýdylan söz. Ýöne hiç kes Karunyňky ýaly ömür we abraý islänok. Ýogsam, taryhy çeşmelerde Karunyň örän köp ylymlardan sowatlydygyny, Töwraty hoş owaz bilen okandygyny, alhimiýanyň köp syrlaryny bilendigini, ýönekeý metaly gymmatbaha daşa öwürmegiň hötdesinden gelendigini, dürli daragtlary, baldaklary bir-birine sapyp, miweleriň täze görnüşlerini oýlap tapandygyny, mermer we gips önümlerini peýdalanmagyň ýollaryny açandygyny, şeýle hem ylym arkaly ýene birnäçe gazanan zatlary ýatlanylýar. Onuň bu zatlardan gazanan mal-mülki, hazynasy köp galalary, köşkleri, küňreleri doldurypdyr. Hatda diňe onuň hazynalarynyň gulpuny götermek üçinem daýaw-daýaw ýigitleriň ençemesi gerek bolupdyr. Dünýä taryhyndaky ilkinji kapitalistiň hem Karundygy nygtalýar. Käbir adamlary baýlyk bilen imrindirip, başyny aýlap, başga birine töhmet atdyran ilkinji adam hökmünde hem Karun ýatlanylýar. Depseň deprenmez baýlygyň üstünde mesirgemän saklanmak aňsat iş däl. Magtymgulynyň: «Günde kyrk at bezäp berdiň Karuna» diýşi ýaly, ol bezemen lybaslara bürenip, ýanyna hyzmatkärlerini hem alyp, özüni görkezmek üçin mahal-mahal il arasyna gezelenje çykar eken. Muny görenleriň käbiri Karunyňky ýaly mal-mülk isläpdir. «Bizde-de şeýle zatlar bolsady» ýa-da «Bizem Karunyň dosty bolsadyk» ýaly arzuwlara çümüpdirler. Her zadyň ötegçidigine akyl ýetirýän adamlar bolsa, badyhowalyga sebäp bolýan her bir zatdan goramagy üçin Biribara sygnypdyrlar. Ýöne ömür çäkli, her kim bir gün gitmeli. Aslynda, şol ömri abraý bilen ýaşamagyň özi bagt. Beýle bagtam her kime miýesser edip duranok. Karunyň bagtyny ýatyran esasy zatlar – lebzinde durmandygy, husyt-syrnyhdygy we ulumsylygydyr. Heniz ýaş ýigit mahaly döwrüniň keramatly adamsynyň ýanyna baryp, Biribardan özüne mal-mülk eçilmegini sorapdyr. Eger özüni tutup, baýap gitse, her gazanan zadynyň belli bir mukdaryny garyp-gasarlara paýlamaga äht edipdir. Dilegler dergähde kabul edil-

se-de, Karun sözüne wepa bermändir. «Bu zatlaryň ählisini men öz akylym, öz ylmym bilen gazandym» diýip, kejirligine tutupdyr. Mätäç bendeler zerur hajatlary üçin ýüz tutsalar-da, olaryň haýyşyny bitirmändir. «Men bulary özüm üçin gazandym, özüm ylgadym, özüm yhlas etdim. Indem, ony size bererinmi?» diýip, gaýta arkan gaýşypdyr. Ulumsylygy hem bu häsiýetleriniň üstüne bolupdyr. Bir gün ol ýene-de özüni görkezmek, mahabatlandyrmak üçin hyzmatkärlerini ýanyna alyp, atlaryny, eşeklerini we gatyrlaryny hatar-hatar edip, bezenip-beslenip ýola çykypdyr. Zamanasynyň keramatly adamsynyň söhbet edip oturan ýerine gelipdir. Şahana zynat, dürli öwüşginler märekede oturan adamlary şamaryň gözüne awlanýan guş mysaly özüne ýesir edipdir. Her kim akyl märekesini terk edip, zer-zynatlary synlamaga, «bize-de ýoksun» diýip, ellerine we alynlaryna sürtmäge başlapdyrlar. Karun muňa monça bolup, akyldara: «Eý, zamananyň serweri saýylýan, saňa keramat berlen bolsa, maňa baýlyk, mülk berildi. Men pul bilen hemme işleri bitirýän, sen söz bilen näme bitirersiň?» diýip, ýaňsylamaga başlapdyr. Keramatly adam oňa: «Gel, her kim özünde bar zadyň güýjüni görkezsin» diýipdir. Karun ilki gezegi özi alypdyr. Penjelerini zer-tyllalardan dolduryp, oňa garşy dileg edipdir, hemşeri-ýaranlaryny keramatla garşy odukdyrypdyr. Ýöne ynsanlaryň birem oňa el uzatmaga, dil ýetirmäge milt edip bilmändir. Gezek keramatla ýetipdir. Ilkinji gezek dilände, Karun topugyna çenli topraga gömlüpdir. Ikinji gezekde dyzyna çenli, soňra biline çenli, soňra kekirdegine çenli topraga siňipdir. Birden ýer hopman arasyna salym salynmagy, henizem onuň tobasyna möhlet berlenligi eken, ýöne Karunda beýle pikir-küý asla bolmandyr. Ahyry ony, soňra onuň ähli baýlygyny, mal-mülküni bir wagtyň özünde ýer ýuwudypdyr. Sähel salymda öňki kaşaňlykdan nam-nyşan galmandyr. Sähel demde gugaryp galan harabaçylygy görüp, zer-zynata göwün beren adamlar hem dessine tobasyna daýanypdyrlar. Akylhuş hem, gaýrat-güýç hem, ylym-bilimem, goragçy-hyzmatkärem, hemşeri-ülpet hem, ulumsylygyň getirýän külpetinden gorap bilenok.

Gadymdan gelýän bir söz bar: «Tekepbiri we zalymy Taňry söýmez. Toba etmegiň üçin möhlet berer, ýöne ahmal etmez».

***

Durmuş wakalarynda gaýta-gaýta göz ýetirilen bir hakykat bar: Ýagşylyk etseň, göwnüň giňeýär. Bitmän duran işleriň çilesi açylýar. Ýagşylyga sarp eden mukdaryň azyndan iki esse bolup özüňe dolanýar. Haýyş bilen ýüz tutan birine ýagdaýyň bolubam ýardam etmedik bolsaň, bir kynçylyga mübtela edip biler. Onsoň, Eýýubyňky ýaly sabryň bolmasa, her zat öz katdyna dolanýança, durmuş ýüklüje geçýär.

Eýýup örän döwletli adam bolupdyr. Mal-garasy sähralara, mülki-dünýäsi köşklere sygmandyr. Edenli-diýenli perzentleri hem her işe mähetdel ýapyşar ekeni. Guwanyp oturmaly döwleti, bereketli ojagy bolupdyr. Ykbalyň öwrümi kän. Her öwrüm uly bir synag. Käteler bolluk bilen synaýar, käteler zorluk, horluk bilen. Zarbyna döz gelip bilseň, öňüňde gowy günler, ýogsamam, tä ykbal gaýtadan gülüp bakýança, dermany tapylmaz bir derdiň astynda ýegşerip galýarsyň.

Bir gün Eýýup öýüne dolanyp gelýärkä, öňünden mätäç biri çykyp: «Eý, Eýýup, seniň mal-mülküň, bol nygmatlaryň bar. Ýagdaýyň bardygyny bilip ýüz tutýaryn, meni bu garyplyk derdinden halas et» diýipdir. Eýýup biraz säginip, onuň sözlerini diňläpdir. Öz gurbuny göz öňünde aýlapdyr. Bu biçäräni garyplykdan halas etmäge harjynyň ýeterlikdigini ýatlapdyr. Ýöne göwnüň bir künjünde nebsiň pyşyrdylary barha beleň alyp: «Men muňa kömek etsem, ýene biri geler. Soň ýene biri... men dünýäň garyplaryny doýrup bilmen ahyry» diýip, içdäki nebis seslenipdir. Eýýup oňa kömek etmekden ýüz öwrüpdir. «Sen, gowusy, Hudaýa ýalbar. «Bendesiniň bereni dadymlyk, Hudaýyň bereni doýumlyk» diýilýär. Maňa-da, saňa-da Hudaý berýär ahyry» diýipdir. «Men ençeme günläp ir säher oýanyp, Hudaýdan diledim. Ol meniň kalbyma seni saldy we seniň öýüň salgysyny berdi» diýip, biçäre bende ýene özelenipdir. Onuň bolup durşuna we her sözüni jogapsyz goýmaýşyna Eýýubyň myrryhy at-

lanyp: «Pirimiňe ulaşmak üçin tapmaýan sözüň, çykarmaýan hokgaň ýok ekeni. Men saňa kömek edip biljek däl» diýip, Eýýup gaharlanyp, öz ýoluny dowam edipdir. Şondan köp wagt geçmänkä, Eýýubyň durmuşynda düýpli özgerişlikler ýüze çykyp başlapdyr. Bir pajygaly waka sebäpli bir günde ähli perzendinden jyda düşüpdir. Aglapdyr, eňräpdir, ýöne gidenler yzyna dolanmandyr. Ýene biraz salymdan soňra, ähli mallary kesele ýolugyp, heläk bolupdyr. Ýene bir gün hazynalary ogrulara olja bolupdyr. Garaz, şol wakadan uzak wagt geçmänkä, birmahalky döwletli ojakda diňe Eýýup bilen aýaly garyp halda galyberipdir. Perzent ajysy, öwrenilişen bolelinlikden el üzmek Eýýuby halys egbarladypdyr. Üstesine, gaýgy-gam onuň synasyny hem dürli dertlere sezewar edipdir. Eýýup sabyr edipdir, çydapdyr, bu wakalaryň ýönelige bolmaýandygyna ýa munuň bir synagdygyna, sabyr etse, ýene-de gönençlige gowuşjakdygyna, ýa-da goýberen bir hatasy, säwligi üçin temmi berlendigine düşünipdir. Başyndan geçen hemme wakalary göz öňünde aýlapdyr. Agyry-ynjylara mertlik bilen döz gelipdir, ýöne bu günlere sebäp boljak etmişi teý göz öňüne gelmändir. Şeýdip, öz derdi bilen göreşip, ýyllary geçiripdir. Bir gün teläriň astynda oturyp, köçeden geçenleri synlap durka, bir garybyň başga birinden kömek hantama bolup durandygyna nazary kaklyşypdyr. Barjamly adam ol garybyň sözüni ýykyp, ýüzüni alyp, haýyşyny ret edýän ekeni. Bu wakany görende Eýýubyň öz başyndan geçiren şuňa meňzeş wakasy ýadyna düşüpdir. Ýüregi gobsunyp gidipdir: «Şonda ol biçäräni öte ynjytdymmykam?! Ähli apatlar şondan soňra ýüze çykyp başlady. Meniň muňa ähmiýet bermeýşimi diýsene» diýip, şol etmişi üçin toba edipdir. Ýerine düşen toba dessine kabul bolýar. Birnäçe wagtdan soňra, Eýýup ähli derdinden saplanypdyr. Mal-mülki ýene-de köpelip başlapdyr. Birmahalky döwletli-döwrany özüne dolanyp gelipdir. Ýöne mundan soňra kim näme kömek sorasa, Eýýup başardygyndan berjaý edipdir. Ýogsam-da, Hak ýola sarp edilen her bir zadyň azyndan iki esse, käteler on müň esse bolup

dolanýandygyna akylyň çatyp durka, beýle geleşikden binesip galmak, akylly adamyň etjek işimidir?!

***

Käbir häsiýetlerden birbada saplanmak ýeňil-ýelpaý däl. Esasanam, sulhuň almaýan, mäşiň bişişmeýän adamlar hakda gürrüň gozgalsa, gowy häsiýetleriniň hem bardygyny bilýändigimize garamazdan, maý tapsak, aýyby-nogsany hakynda gürläsimiz gelip dur. Bizi diňleýän beýleki adamlaryň hem edil özümiz ýaly pikir etmegini, olaryň aňyna şübhe dänelerini sepelemegi, iň bolmanda, «seresap» bolmagyny ynandyrjak bolup, ýok zatlary hem suňşuryberýäris. Maňzymyza batmadyk ýekeje häsiýeti üçin, galan gowy häsiýetlerine hem göz ýumýarys.

Bir gün şägirtleriniň duýgy-düşünjesini saldarlap gören halypa olaryň ýüreginde basdaşlygyň mäkäm orun tutandygyny, sähel jylawyny ýazdyrsalar, bu häsiýetiň göriplige ýazyp gitjekdigini bilipdir. Şägirtlerini ýanyna çagyrypdyr. Ählisinden hem: «Deňziň ortasynda bir gaýyk bar bolsa, gaýygyň içinde hem on sany adam bar bolsa, şol adamyň biri zandyýaman, galan dokuzy düzüw bolsa, nähili hereket ederdiňiz? Zandyýamandan dynmak üçin gaýygyň böwrüni deşmäge taýynmysyňyz?» diýip sorapdyr. Şägirtleri bu sowala ör-gökden gelipdirler: «Ýok, halypa, beýtsek, galan dokuz adam hem bigünä ýere heläk bolar».

«Onda, sizem deň-duşlaryňyzdaky birje nogsanlyk ýa-da bärden gaýdýan hereketi üçin galan gowy häsiýetlerini görmezlige salmaň. Beýtmek, şol gaýygy suwa gark etmek bilen des-deňdir» diýip, halypalary bu tymsalyň manysyny düşündiripdir.

Siz birje miwesine gurçuk düşendigi üçin bagyňyzdaky alma daragtyny düýbünden çaparmydyňyz?

***

Ýanyňdakylar bir zadyň gürrüňine gyzan bolsalar, senem olaryň ýanynda dymyp otursaň, gelşiksiz görülýär. Ýöne gürrüňe

goşulyşmagyň hem ugur-utgusy, edebi bar. Käbir ýagdaýlarda ýüzüňi alsalar ýa-da ýüz bermeseler, dessine olary özüňe göwniýetmezçilik etmekde ýa-da senden bir zady ýaşyrmakda aýyplap oturmagyň hajaty ýok.

Ýaşuly töweregindäki adamlara durmuş tejribelerinden dürler saçyp: «Ilçilik, her töwra adam bar. Hemmesi bilen gepiňiz, sözüňiz alşyp gitmez. Ýöne köpçülige dogry düşüniň. Käbir adamlar bardyr, gaňryşyňa gaýdany bilen duşman däldir, ýene käbirleri bardyr, makullany bilen dost däldir. Edebe uýgun hereket edýän adam il içinde sylanar. Bir başy müň derde mübtela etmek üçin bolsa ýekeje gedemlik ýeterlikdir» diýip oturan ekeni.

Köpçülikden gürrüň açylansoň, oturanlaryň biri içini döküp, derdini egismek isläpdir. «Soňky döwürlerde adamlara bir zad-a bolupdyr. Sylanyşyk galmandyr. Sähel gowşak gopsaň, şolaryň köpüsi äsgerjegem däl. Arada bir meýlisde oturdym. Men olara ähmiýetli gören zatlarymy her näçe janygyp gürrüň bersemem, sözüme pitiwa eden bolmady. Gaýta, ikibir-ikibir bolup, hyşy-wyşy pyşyrdy, maňa ala göz bolup bakdylar. Olaryň ýanynda ýagşy sözüňem, gowy adamlaryňam gadyry galmandyr. Gaty hapa boldum» diýipdir. Ýaşuly bu wakany ünsli diňläninden soň: «Megerem, seniň özüňde hem ýazyk bardyr» diýip, oňa ýüzlenipdir. Oturan adamlar bu jogaba geň galypdyrlar. «Sekiz hili ýagdaý bar, şol ýerlerde äsgerilmeýän adam, günäni özünden gözlesin. (Äsgerilmeseň, özüňden gör). Birinjisi, özüne kybap däl adamlaryň meýlisinde oturýan adam; ikinjisi, gulak asmaýanlara, gürrüň berýän adam; üçünjisi, iki adam özara gürrüň edip durka, aralaryna sokulýan, ýöne oňa ýüz berilmeýän adam; dördünjisi, özüne ähmiýeti bolmadyk işlere burnuny sokýan adam; bäşinjisi, ýaşaýan öýüniň eýesine garşy dildüwşük gurnaýan adam; altynjysy, toý-zyýapata çakylyksyz barýan adam; ýedinjisi, duşmanlaryndan ýagşylyga garaşýan adam; sekizinjisi, ýagşy adamlaryň mertebesini depgileýän adam. Ine, şu hereketleri edýän adam günäni özünden görsün, özgeleri ýazgarjak bolmasyn» diýipdir. Gürrüňe goşulan

adam öz hereketlerini saldarlap görensoň, özüniň hem bärden gaýtma hereketleriniň bardygyna düşünipdir.

***

Aýtmaklaryna görä, eger-de geljek biziň şu günki pikirlerimize, işlerimize görä ýüze çykýan bolsa, onda biziň şu günki ýagdaýymyz düýnki işlerimiziň, pikirdir niýetlerimiziň netijesi bolup durýar. Ykbal hiç wagt hiç kime gyýa bakmaýar, çünki ykbal beýle pes hereketleri ederden beýikdir. Islegleriň gowşakdygy, yhlaslaryň ýeterlik däldigi bizi öz maksadymyza ýetmekden bökdeýän zatlaryň biri. Hemme şowsuzlygy, kynçylygy ýazgydyň üstüne atmak bolsa, öz ejizligiňi aklajak bolmakdan başga zat däl. Durmuş juda hasaply. Bu ýerde ýaşamak üçin bagyş edilen sanalgy günler däl-de, özümize dolanyp gelýän amallarymyz we hereketlerimiz göz öňünde tutulýar. «Hasap edeniň bolmaz, nesip edeni bolar» diýilse-de, alnymyzdan çykýan käbir ýagdaýlaryň düýnki hereketlerimiziň gaýtargysydygy aýdyň hakykat. Halk dili bilen aýtsak: «Her kim ekenini orar, berenini alar, görkezenini görer».

Bir maşgalanyň keşigini çekip ýören adamlaryň biri ýoňlapdyr. Öýe getiren azyk gory hem gutaraňkyrlapdyr. Bazara, söwda-satyga çykmaga mejaly bolmansoň, bu gezek çörek hem-de käbir gök önümleri alyp gelmek üçin aýalyny ugratmakdan başga alajy galmandyr. Çagalary hem heniz çülpeje ekeni. «Zerur bolmasa, bu işleri bir özüm çözerdim welin, bu wagt şundan başga alajymyz ýok. Özümizden bitýärkä, gaýry kişilere ýüz saraltmagam ata-baba ganymyza siňmedik häsiýet» diýip, hojalykbaşy dillenipdir. Mundan öň bazarlyk meseläni ýoldaşynyň bir özi çözüp ýörensoň, bir özi bazara gitmekden ejap edip: «Kakasy, men bazaryň ýolunam dogry bilemok. Üstesine, del gözlerden, del bakyşlardan çekinýärin» diýip, aýaly öz howatyrlanmasyny ýaňzydypdyr. «Ýaradany ýat edip, arkaýyn ýöräber, hiç kim ýüzüňe gaňrylyp seretmez. Bolaýsa-da, diňe biri ýüzüňe dikanlap bakar-da, soňam öz müýnüni duýýan ýaly, aşak bakyp, öz ýoluny dowam

eder» diýip, adamsy jogap beripdir. Başga çykalga galmansoň, ol aýal eline sebetlerini alyp, bazar mähellesine tarap ýola düşüpdir. Kişi nazaryny özünde eglemäge ýeterlik görki-jemaly bolsa-da, ýolboýy bu zenana gabak galdyran adam bolmandyr. Hatda gyýa bakyp seredenem tapylmandyr, her kim öz aladasy, öz işi bilen gümramyş. Bazar jaýyna baryp, söwda-satyg edip, yzyna dolanmakçy bolanda, birdenkä bir ýaş ýigit bu zenanyň ýüzüne dikanlap seredipdir. Dessine-de «bagyşlaň» diýip, ýüzüni aşak salyp, öz ýoluny dowam edipdir. Aýal sag-aman öýüne dolanyp gelipdir. Gelibem, ähli wakany bolşy ýaly adamsyna gürrüň beripdir. Bu ýagdaýyň onuň hut aýdyşy ýaly bolandygyny, nädip öňünden bilendigini sorapdyr. Adamsy ýylgyryp: «Bu üýtgewsiz durmuş hakykaty. Özüň nähili bolsaň, özüňe hem şeýle garalýar. Sebäbi meniň özüm şeýledim. Özüme degişli bolmadyk zatlara göz gyzdyrmazdym. Diňe ömrümde birje gezek, heniz öýlenmedik mahalym, ýanymdan bir zyba zenan geçip gidende, bir pursatlyk akylymy aldyryp, aňalyp galypdym. Ýöne dessine oýanyp, öz akylyma aýlanypdym we ýolumy dowam edipdim. Durmuşda näme etseň, özüňe hem şony edýärler. Näme berseň, özüňe iki essesi gaýdyp gelýär. Meniň kişi emlägine göz gyzdyrmaýandygym üçin, hiç kimse hem maňa degişli zatlara göz gyzdyrmaz. Munuň syry şol» diýipdir.

***

Il-gün, köpçülik bilen agzybir gatnaşmagyň iňňän uly sogaby bar. Sähel sebäp, maý ýa bahana tapylsa, diňe salamyň sogaby üçinem birek-birege görme-görşe, zyýapata barybermeli. «Diňe işi düşen wagty ýüz tutýar» diýen düşünjäniň aňlarda berkemezligi üçin hem ýagşy ýörelge bolsa gerek. Üstesine, ol gazanjak rysgy-rozumyzyň bir çeşmesi saýylýar. Agzybirligiň berýän güýji-rowgaty, sowgady hem köpdür. Hiç ýere çykman, görünmän, köpçülige gatylman ýörseň, hatda il içindäki öz ornuňy hem kesgitläp bolanok. Bärden gaýdýan häsiýetleriňi, kemter hereketleriňi düzetmek, düzlemek üçinem köpçüligiň ýanynda bolmak gerek.

Gadym döwürlerde örän takwa we ybadathon bir adam ýaşapdyr. Ol ylym-bilimde öz zamanasynyň ählisinden has öňe düşen eken. Bütin ömrüni ybadata bagyş edipdir. Bir gün ol öz ýanyndan pikir edipdir-de, «Munça ýyllap eden ybadatymyň, çeken zähmetimiň hormaty hökmünde Biribar meni aýratyn sylaga laýyk görüp biler. Indi adamlaryň elinden hiç zat iýmäýin. Men diňe Hudaýyň beren zadyny iýip oňmak üçin, daglarda mesgen tutaýyn» diýipdir. Ol dag içinden bir gowagy saýlap alypdyr-da, tagat-ybadatyna meşgullanyp başlapdyr, ýadynda saklan doga-dileglerini dynman gaýtalap oturypdyr. Ol Hudaýdan umyt edip, «meniň ryzkym häli geler, şindi geler» diýip, garaşyp otyrmyşyn. Bir gün geçipdir, onuň ýanyna hiç zat getirilmändir. Iki gün geçipdir, ýene-de öňki ýaly tama edip otyrmyşyn, ýöne ne iýmit, ne içgi, hiç zada gözi düşmändir. Üçülenji gün hem şeýle bolupdyr. Ol adam üç günläp iýip-içmänsoň, ysgyn-mydardanam gaçypdyr, tagat etmäge hem hiç rowgaty galmandyr. Ol: «Men Hak ýolunda niçe ýyl tagat-ybadat etdim, ähli şertini-talabyny birkemsiz ýerine ýetirdim. Ýöne, näme üçindir, Biribar maňa rysk bermedi-le?» diýip, çuň pikire batypdyr. Şol wagt Biribar onuň kalbyna: «Eý, adam, men kimdir birine kömek etjek bolsam, baryp, özüm kömekleşip gaýdamok. Kimdir birine bir zat berjek bolsam, «me, al» diýip, özüm eltip gaýdamok. Men her kesiň mynasyp halyny, gerek malyny, mätäç zadyny, rysgyny kimdir biriniň ýa-da nämedir bir zadyň üsti bilen ýetirýärin. Adamlaryň arasyna git, seniň rysgalyňy şol ýerde goýdum. Köplükde, agzybirlikde bereket bardyr» diýen pikiri salypdyr. Ol takwa dagdan düşüp, obanyň bir çetinden giripdir welin, ynha diýersiň, her kim ony öz öýünde düşletjek, myhman aljak bolup ot-elekmişin. Ýüzi nurana, sakgally, peşeneli ýaşulyny hemmeler ýagşyzada mysalynda görüpdir. «Tagsyr, biziň myhmanymyz boluň. Bize ýagşy dileg-dogalar ediň. Ak pata beriň!» diýşip, her kim bu takwanyň ýagşy sözüne, alkyşyna eýe bolmaga janserek ekeni. Takwanyň göwnüni görjek bolup, saçaklaryny dürli-dümen näz-nygmatlardan dolduryp dyrlar. Saçagy uludan ýazypdyrlar. Bu zatlary göreninden soň, takwa ýene-de pikire çümüpdir: «Hernäçe hyzmat etdik diýsegem, juda bärden gaýdýan ýerlerimiz

henizem köp ekeni. Isläniň bilen Asmandan altyn dökülenok. Bize gerekli zatlar adamlaryň üsti bilen ýetirilip durulýan ekeni» diýipdir. Şondan soň adamlardan, il-günden üzňe bolmak hakynda asla pikir etmejekdigine öz ýanyndan söz beripdir.

***

Il-gün, köpçülik bilen agzybir gatnaşmagyň iňňän uly sogaby bar. Sähel sebäp, maý ýa bahana tapylsa, diňe salamyň sogaby üçinem birek-birege görme-görşe, zyýapata barybermeli. «Diňe işi düşen wagty ýüz tutýar» diýen düşünjäniň aňlarda berkemezligi üçin hem şeýle etmek ýagşy ýörelge bolsa gerek. Üstesine, ol gazanjak rysgy-rozumyzyň bir çeşmesi saýylýar. Agzybirligiň berýän güýji-rowgaty, serpaýy hem köpdür. Hiç ýere çykman, görünmän, köpçülige gatylman ýörseň, hatda il içindäki öz ornuňy hem kesgitläp bolanok. Bärden gaýdýan häsiýetleriňi, kemter hereketleriňi düzeltmek, düzlemek üçinem köpçüligiň arasynda bolmak gerek.

***

Gadym döwürde uzak ýola syýahata çykan bir adamyň öňünde aňyrsyna göz ýetmeýän ummasyz deňiz keseripdir. Golaý-goltumda özünden başga janly-jemendä, haraý-dalda isläre yns-jynsa gözi düşmändir. Ýalňyz heserdeşi uzak ýola atygsaýan göwni-ýüregi eken. Ol kenara aşmak üçin ýa-ha bir gämi, gaýyk, sal ýa-da ýöne bir naw, ýa-da uzalyp gidýän köpri gerek bolupdyr. Özüňi ýalňyz duýan pursatlaryň hiç mahal ýalňyz galmaýandygyňy duýdurmak üçin Perwerdigär pena elini uzadýar. Ol uzan eli hiç kim bökdäp bilenok. Ol penany hiç kim syryp bilenok. Ýaňky adamyň göwün gulagyna arşdan bir seda gelipdir: «Goşawujyňy tut, saňa berjek zatlarym bilen bu deňizden öter ýaly özüňe köpri ýasa, ýol düşen» diýipdir. Adam muňa begenipdir: «Saňa çäksiz şükür edýärin, maňa gerekli zady, dilemezimden hem ýetirip dursuň» diýipdir. «Saňa ýetirip durmak meniň islegim, emma bu wagtky berýän zadym öz gazanan zatlaryň. Düýn nämeler eden bolsaň, bu gün seniň eliňe şonuň iki essesini bermekçi.

Sen eliňe düşen her zady öz aýagyňa düşen. Bu deňizden ötmegiň ýeke-täk ýoly şol» diýipdir. Şeýdibem, salykatly adam düýnki hasyl eden halal amallaryny ertirine köpri edinip, bu deňizden sag-aman ötüpdir. Bu bir tymsal. Sapar-syýahat – bu ötülmeli menzil, ýörelmeli ýol, ýazylan ykbal. Deňiz – içinden geçmeli, görmeli durmuşymyz. Köpri we onuň serişdesi – biziň düýnki eden amallarymyz üçin şu günki gazanýan netijämiz. Onsoň, düýn biz nähili hereket eden bolsak, kime nähili daran bolsak, nähili garan bolsak, ertir biz hut şol ýagdaýlaryň azyndan iki essesini alnymyzdan tapýarys. Ýagşylyk bolsa, esse-esse ýagşylyga gabat gelýäris, ýamanlyk bolsa, gat-gat ýamanlyga uçraýarys. Durmuşda gaýry çözgüt, başga mesele ýok. Nowellalyk täsir diňe ýazylýan eserlerde bar. Durmuş bolsa, daşyndan göräýmäge nowella kysmy bir zat bolsa-da, mazaly synlap-seljerseň, ölçerip-dökseň, goşup-aýyrsaň, meselä meňzär gider, «deňdiriň» yzynda hökman bolaýmaly bir netije peýda bolar durar. Näme berseň, şony hem alýarsyň. Näme ekseň, şony hem orarsyň. Netijede, ertirki gün ýa-ha el uran ýerimizden altyn ýa alkyş taparys, ýa-da ýaramaz häsiýetimize muwapyk gelýän durmuş taparys. Bu düzgün bir adam, bir maşgala, bir oba, il, ýurt, dünýä babatda ýörgünli. Bularyň ählisi berýän zadyny esseläp yzyna – özüne alýar. Netije şu – biz şu günki edýän işlerimiz bilen geljegimizi gurýarys.

***

Bir gezek adamlaryň birine ynsan keşbindäki ýagşylyk gabat gelipdir. Ol ýüzi nurana, didelerine bakanyňdan göwnüňi göterýän, dünýäniň ünjüsini unutdyrýan ukyba, häsiýete eýe ekeni. Adam onuň kimdigini, aslyny, nesebini, gelip çykyşyny sorapdyr. Ol: «Men – Ýagşylyk» diýip jogap beripdir. «Ýagşylyk diýilýäni gowy, gözel zat ekeni» diýip, ol adam içinden pikirlenipdir. Şol wagt «Ýagşylyk hakda pikir etmekligiň özi hem ýagşylyk» diýip, Ýagşylyk pyşyrdapdyr. «Sen meniň içki pikirlerimi neneňsi duýduň?» diýip, ol adam geňirgenipdir. «Bu maňa mahsus ýagdaý. Maňa men hak-

da pikir edýänleriň ýanynda bolmak buýruldy» diýip, Ýagşylyk özüniň tebigatyny düşündiripdir. «Kim ýagşylyk hakda pikir etse, ýagşy işleri niýet etse, men hem olara tarap ýönelip başlaýaryn. Sebäbi meniň hiç wagt tozmaýan mülküm bar. Ýagşy iş edýänleriň hakyny, paýyny şol mülkden elin gowşurmak meniň wezipäm. Ine, Ýagşylygyň häsiýeti şu» diýip, ol özüni has içgin tanyşdyrypdyr. «Ýanymda hemişe gowy ýagdaýlaryň ýüze çykyp durmagy üçin nämeler etmeli?» diýip, ol adam gyzyklanypdyr. «Ýagşylyga niýet et we hereket et. Eger-de sen meni içiňden ýatlasaň, men hem seni içimden ýatlaryn. Eger-de sen men hakda köpçüligiň içinde ýatlasaň, menem seni köpçüligiň içinde has owadan sözler, abraýlar bilen ýatlaryn. Eger sen maňa bir garyş ýakynlaşsaň, men saňa bir gary ýakynlaşaryn. Eger sen maňa tarap bir gary hereket etseň, men saňa tarap golboýy süýşerin. Eger-de sen maňa tarap ýöräp gaýtsaň, men seniň ýanyňa ylgap bararyn. Ýöne bir şerti bar, ilkinji ädimi başlamak diňe özüňe degişlidir» diýipdir.

Ynsan käteler öz durmuşynyň özgermegine, has gowulyklar bilen gurşalmagyna garaşyp, bütin ömrüni bihuda ötürýär. Akyldarlaryň aýtmagyna görä: «Şol bir hereketi edip, dürli netijelere garaşmak dälilikdir. Başgalaryň depäňizden bagt guýaryna garaşmaň, ilkinji ädim hemişe özüňizden başlansyn!».

***

Aýtmaklaryna görä, ykbal her kime bir wezipe ynanarmyş. Adamlaryň ukyp-zehin, başarnyk, güýç-gaýrat babatda biri-birinden parhly ýaradylmagy hem şonuň üçin diýilýär. Muňa garamazdan, hemmä deň bolan ýol-ýörelgeler, borç-wezipeler hem bar. Ilkinji nobatda, öz etmeli işiňi dogry-dürs berjaý etmek, talabalaýyk ýerine ýetirmek göz öňünde tutulýar. Soňra ýagdaýyň boldugyndan, il ýardamyna göwünjeň çemeleşmek sogaply hasaplanýar. Ýöne käbir adamlar ýagşylygy diňe ýakynlaryna ýa-da tanyşlaryna etmek bilen çäklenýärler.

Bir gezek adamlaryň biri halyfyň çakylygy boýunça giň meýdanda gurnalan zyýapata howlugyp barýan ekeni. Ýoluň bir menzilinde onuň öňünden sada geýnüwli bir pyýada çykypdyr. Ol: «Men bir ötegçi. Bu jelegaýlaryň ogly däl. Bu ýerlerde tanyş-bilşimem ýok. Şu wagt örän aç, suwsuz. Ýöremäge, ýortmaga mydarym galmady. Öýüňüzde garbanara az-owlak azyk-owkat bar bolsa, getirip ber, gaýrat et» diýipdir. Ol adam: «Menem şu wagt çakylyk bilen halyfyň gurnaýan zyýapatyna barýan. Ýör, bile gideli. Şol ýerden iýip-içiber» diýipdir. Ötegçi pyýada: «Meniň halyflyk işim ýok. Maňa bir tabak çorba bolsa bolýar. Ýagdaýyň bar bolsa, hödür et, ýogsa hökmanam däl» diýipdir. Ol adam biraz pikirlenip durupdyr-da: «Kişi derdi nä azaryma! Üstesine, tanyş-bilşem däl, ertirki gün alnymdan çykanda hem utanyp durjagym däl» diýip, göni zyýapata tarap ugur alypdyr. Ol adam zyýapatdan gaýdyşyn ýaňky pyýadanyň ýoluň bir gyrasynda, bir daragtyň saýasynda uklap ýatandygyny görüpdir. «Muňa boldugyndan hezzet edeýin» diýip, oňa baka ýönelipdir, ýöne ukusyndan oýarmaga dözmändir. «Ertir irden munuň ýanyna gyzgyn nahar bilen gelerin we garnyny doýraryn» diýip, ýene ýoluny dowam edipdir. Öýüne gelip, uka batypdyr. Düýşünde bir giňiş meýdanyň içindemişin, daş-töweregi mähelleden ýaňa hyň berýärmişin. Ol ýanyndaky adamdan: «Bular kimler? Bu ýere örän köp adam üýşüpdir-le?» diýip sorapdyr. Ýanyndaky adam: «Bular 124 müň sany pygamber. Iň öňden gelýän ýüzi nuranasy bolsa pygamberleriň serweri» diýipdir. Ýaňky adam pygamberler serweriniň ýanyna baryp, elini öpmek isläpdir. Emma pygamberler serweri elini yzyna çekipdir. «Taňrynyň söýen gullaryndan bir tabak çorbasyny gysganýan adama elimizi bermeris» diýip, pygamberler gözden gaýyp bolupdyr. Ol adam düýşünden oýanar-oýanmaz ýaňky pyýadanyň ýatan ýerine gelipdir. Görse ol pyýada hem egin-başlaryny düzläp, goş-golamyny alyp, ýaňy ýola rowana bolan ekeni. Yzyndan ylgap ýetip, bir tabak çorbasyny içmegini özelenip haýyş edipdir, ýalbarypdyr, ýöne ýaňky ötegçi kes-kelläm ýüz öwrüpdir. «Senden bir tabak çorba almak

üçin 124 müň pygamberi aýaga galdyrmak gerekdimi? Ýeri, muňa mümkinçiligi bolmadyk adamlar näme etmeli onda?» diýip, ýoluny dowam edipdir.

Ol adam düýnki hereketlerine örän ökünipdir. Ýöne arzuw ýa-da ökünç bilen geçmişi yzyna dolap bolanok. Diňe indiki ädimleriňe, hereketleriňe ünsli çemeleşmek galýar. Ol adam şondan soň öňünden çykan her bir adamy tanasa-tanamasa hödür-kerem etmän, hezzetlemän ugratmaz eken. Hatda ötegçileriň düşläre wagtlary bolmasa-da, garbanar ýaly azygy ýanlaryna salyp goýberipdir.

Wagtynda edilýän ýagşylyk ýaly täsirli zat ýok. Sähel gijä galsaň ýa-da soňa goýsaň, uly bir şatlykdyr sogapdan mahrum galynmagy mümkin. Onsoňam, bir dananyň aýdan sözi bar: «Siz bu görýän adamlaryňyzyň ählisini adaty ynsandyr öýtmäň. Olaryň arasynda dili dogaly derwüşler, nazary halatly pirler, Hydyr atalar, melekler hem bardyr».

***

Kähalatlarda käbir zatlara ýeterlik baş galdyrmaýan hem bolsak, durmuşyň ynsanlaryňka meňzeş bir düzgüni bar – «Her zadyň hasaby bar» diýilýär. Megerem, durmuşdan ökde hasapçy ýok ýaly, ol hasaplaşykly hereketi juda eý görýär, diňe bir amalyňa, hereketiňe däl, eýsem, niýetiňe, päliňe görä-de hasap biçip otyr. Onsoň aradan aýlaryň, ýyllaryň geçýändigine garamazdan, mahal-mahal maňzymyza batmaýan durmuş wakalary bilen ýüzbe-ýüz bolanymyzda, ýaka ýyrtmasagam, bu ýagdaýa düşünip bilmän, baş agyrdýarys. Işimiziň näme sebäpli bökdelýändigine, gün-güzeran, eklenç-gazanç meselesindäki ýeter-ýetmezlige ýa-da bereketsiz ýetde-gütdelige hiç akyl ýetirip bilemzok. Sebäbi biz öz hereketlerimiziň hasap depderini ýöredemzok, üstesine, biz hemişe özümizi hakly çykarmaga ymtylýarys. Hemişe öz hereketlerimizi dogry saýýarys. Durmuşyň bolsa öz hasaby – adyl hasaby, adalatly gaýtargysy bar.

Ir wagtlarda bir öýde bir iş zerarly düşünişmezlik döräpdir. Öýüň uly ogly bir diýenini gaýtalap, ýer depip durupdyr. Ata-ene

* 38. Sargyt № 975

hem oňa düşündirjek bolup, her näçe jan etse-de, peýdasy bolmandyr. Uly ogul ata-enesinden, inisinden öýkeläpdir. Birnäçe günläp, torsarylyp, ýüzüni sowup gezipdir. Perzende gezek gelende ýene-de ýüregi ýuka ene-ata bolýar, bularam ogullarynyň göwnüni görjek bolup, gaharyny ýazjak bolup, her neneň töwella-tagsyr etseler-de, uly ogul hiç açylarly dälmişin. Gaýta, mojuk sözler bilen ene-atasynyň ýüregini daglap goýberýärmişin. Ahyry bu ogul hiç kime aýtman, öýi terk edip, ümdüzine tutduryp gaýdyberipdir. «Mundan beýlesinem görüberýäs, meniň sözüme «hä» diýjeklerem tapylar» diýip, içi kineden dolumyş.

Ol düňle çölüň içinden geçip barýan ekeni. Ep-esli menzil aşansoň, garagörnümden bir obanyň suduryny görüpdir. «Taňry myhmany alan tapylsa, bu gijämi şu ýerde düşläýin. Daň agarandan soňra ýene ýolumy dowam ederin» diýipdir. Oba golaýlaşypdyr. Birdenkä obanyň çetinde bir ýaş oglanyň ulurak birini ýumruklap, urup duranyny görüpdir. Bu ahwalata geň galypdyr. Ýanlaryna barypdyr. Adamkärçilige sygmaýan hereketleri üçin ýaş oglany ýazgarypdyr. «Ahow, inim, edýäniň näme? Heý-de, ataň ýaly adama el galdyrarlarmy? Bir hatasy bar bolsa-da, halys ýenjer ýaly çökder däldir-ä?» diýip, ol ikisini aralamaga çalşypdyr. Şol wagt ýaşuly adam bu ýigide bakyp: «Ursun, ursun, degme, eliniň awusyny çykarsyn. Şeýdip, urany gowy. Bu meniň oglum» diýipdir. Ýigidiň geňirgenmesi has-da artypdyr. Bu sözleriniň sebäbini sorapdyr. Ýaňky ýaşuly: «Men hem ýaş ýigit wagtym, atamy, enemi hut şeýdip ýumruklap urupdym. Üstesine, degnaňa degýän ajy sözleri diýipdim. Bu wagt durmuş maňa hut şol ýagdaýy gaýtaryp berip otyr. Indi oglum meni urýar. Ýumrugyň salan agyrysy salym günden aýrylar gider, ýöne sözüň awusyny ýürekden çykarmak kyn. Şonuň üçin, ajy söz diýmän urany ýene-de meniň üçin ganymat» diýipdir. Ýigit birsalym iňkise gidipdir. Ata-enesine bolan garaýşyny, gatnaşygyny, olara daraýşyny göz öňüne getiripdir. Olaryň ornuna özüni goýup görüpdir. Hiç bir ata-enäniň öz perzendine ýamanlyk etmejekdigine, olaryň aýdýan sözlerine düşünmäge çalyşmalydygyna

akyly çatypdyr. Geljekde öz çagalarynyň özüne şeýle daraýşyny göz öňüne getirende welin, ini dyglap gidipdir. Hyrra yzyna öwrülipdir. Öýlerine gelip, ata-enesiniň aýagyna ýykylypdyr. «Meni bagyşlaň. Çökder hata goýberdim. Şeýle wakanyň öz durmuşymda hem gaýtalanmagyny islämok. Mundan beýläk siziň raýyňyzy ýykman, sözüňizden çykman hereket ederin. Belki, siziň diýeniňizi edip, hyzmatyňyzda gezmegim, öňki hatalarymyň hem ýuwulmagyna sebäp bolar» diýipdir.

Köne kitaplarda ýazylmagyna görä, «Ýedi görnüşli uky bar. Her ukynyň bir zada täsiri – peýdasy ýa zyýany bolýar. Mysal üçin, säher ukusy rysgyň kemelmegine sebäp bolýar. Öýle ukusy dem-dynç berýär. Ikindi wagtyň ukusy süňňüň agyr bolmagyna getirýär… Iň ýamany – gaflat ukusy – düýbüne akyl ýetirmän, özüňkini hemişe dogry hasaplap gezmeklik». Aýtmaklaryna görä, gaflat ukusyndan oýanyp bilmedik adam hakyky bagtyýarlykdan binesip galarmyş.

***

Baýlyk gazanmagyň ýollary hakynda Karundan bäri müňlerçe eser ýazyldy. Her kim özüniň geçen menzilini, ýeten derejesini, iş ýörediş usulyny beýan etdi. Häli-häzirlerem şeýle mazmunly täze-täze eserler kitap bazarlarynyň iň geçginli harydy. Her kimse baýamagyň yşkynda, aslynda, halal baýlygy islemek aýyp zat däl, gaýta, hökmany zat bolup görünýär. Uly-uly işleri bitirmek üçinem, il-güne ýagşylyk etmek üçinem, haýyr-sahawatdan sogap gazanmak üçinem, beýik maksatlaryňa ýetmek üçinem halal baýlygyň haýry-peýdasy mese-mälim. «Süýji sözem sadaka» welin, durmuşda hersiniň öz orny bar. Ata-babalarymyz halal baýamak, rysgal bulaklarynyň giňden açylmagy hakynda birnäçe durmuş tejribelerini mälim edipdirler. Iň esasy zat hökmünde hem halal gazanmaklyk, gazanan zadyňy haýyrly ýollarda peýdalanmak, isrip etmezlik, ýagşylyk etmeklik ündelipdir. Gysgandygyňça, ne özüňe, ne-de il-güne haýry ýetýär. Üstesine, berekedi hem egsilermişin. Paýlaşsaň, ýagşy zatlara sarp etseň welin…

Jomartlykda ady meşhur bolan Hatamtaýyň hazynalary, rowaýatlara görä, «Ýere-Göge sygmanmyşyn». Ol her gün söwüş edip, il-ulusy, ötegçi-ýolagçyny öz ojagynda hezzetlär ekeni. Hemişe zyýapaty uludan tutupdyr. Seleň sähralykda ýol tapman, ugur bilmän ýörenler bizde düşläp ötsün diýip, ody uludan ýakdyrypdyr. Itlerini üýrdüripdir. Adamlar ot alawyna, it seslerine gönügip, Hatamyň öýüni tapar ekenler. Ol ýagşylyk etmekden lezzet alýan ekeni. Iň täsin ýeri hem Hatam hiç wagt uzak ýyllar üçin ätiýaçlyk gor edinmez eken. Günleriň birinde ol jahankeşdelige höwes edip, ýol şaýyny tutupdyr. Ähli hazynasyny hem gelene-geçene paýlapdyr. Ýanyna bir tegelek çörek, bir meşik suw we bir ýoldaş alyp, ýola rowana bolupdyr. Uzakly gün ýöräp, garaňky gatlyşyberende, bir haraba düşelgede eglenipdirler. «Gündizler hereket üçin, gijeler dynç almak üçin gowudyr. Gijämizi bu ýerde geçireli, ertir säher bilen ýene dowam ederis» diýipdir. Olar gyzyklanyp, ýykyk diwarlaryň arasyna aýlanyp başlapdyrlar. Birdenkä, Hatamyň aşak gidýän ötüge gözi düşüpdir. Basgançagy yzarlap, aşak düşüberipdir. Görse, giden bir hazyna. Zer-tyllalar, altyn çaýylan jamlar, kümüş dirhemler, esbaplar adam nazary düşmedigine ýyllar bolandygyny görkezip dur diýýär. Hatam ýanyndaky ýoldaşy bilen bu hazynalary ýokary çykarypdyrlar. Soňra habar-hatyr alara golaý-goltumda janly-jemende ýokmuka diýip, ýene bir menzil ýol söküpdirler. Ahyry bir obanyň üstünden barypdyrlar. Olary yzlaryna tirkäp, ýaňky hazynaly ýere getiripdir we ähli zady olara paýlap beripdir. Soňra Hatam ýoldaşy bilen ýollaryna dowam edipdirler. Ertesi gije bular ýene bir ýerde düşlemekçi bolupdyrlar. Täsin ýeri, bu gezek olaryň düşlän ýerinden düýnkä garanyňda has köp mukdardaky altyn-tyllaly hazyna çykypdyr. Hatam dagy bu hazynany hem adamlara paýlapdyrlar. Özlerine bolsa diňe bir günlük hurşa ýetjek mukdardaky puly göterer ekenler. Şeýdip, Hatam tä syýahatyndan dönýänçä, olaryň öňünden uly-uly hazyna çykar eken. Ählisini paýlapdyr. Birini paýlasa, indiki çykýan hazyna öňküden-de has köp mukdarda bolupdyr. Garaz, Hatam näme gazansa, olary bukjak, ýygnajak bolman, il-güne paýla-

magyny dowam eder eken. Şol günleriň birinde Hatam düýş görüpdir. Düýşünde ýagşyzadalaryň biri onuň ýanyna gelip: «Eý, Hatam, bu hazynalar synagdyr. Ýerini bilip sarp edene dowamy sylagdyr. Gysganman eçilseň, öňküden-de iki essesini taparsyň. Gysgansaň, ilem iýmez, senem iýmersiň, onda ony ýer iýer. Bu bolsa isripdir. Mundan bu ýana hem hut şeýle dowam eder» diýip, gözden gaýyp bolupdyr.

Her gije-gündiz bir melegiň dilinde diňe şeýle sena bolarmyş: «Perwerdigärim, gazanjyny ýagşy zada sowýanlaryň rysgyny (öwezini) iki esse edip dol. Gysylyp-gysganyp oturanlaryň gazanjyny welin özüne-de nesip etme» diýermiş.

***

Özgelere edilýän ýagşylyklaryň özümize edilýän ýagşylykdygyny, olaryň haýrynyň-sogabynyň özümize dolanyp gelýändigini durmuş wakalary gaýta-gaýta subut edýär. Diňe ýagşylyk etmek däl, eýsem, hemişe halal, arassa, ygrarly bolmaklyk hem işleriň oňyn bitmegine, ugrukmagyna sebäp bolýar.

Gadym zamanlarda dogruçyllygy, halallygy bilen tanalan bir söwdagär bolupdyr. Diňe bir edýän hereketi, aýdýan sözi dogry-dürs bolman, eýsem, içinden edýän päli-niýeti hem juda tämiz, arassa ekeni. «Häsiýet ýaly çalt ýokuşýan başga bir zat ýokdur» diýilýär. Bu şeýle bolansoň, onuň ogul-öwlatlary, goňşy-golamlary hem hemişe arassa niýetli, sadyk köňülli bolupdyrlar. Durmuşyň her bir wakasyny, hatda şatysyny hem gowulyga, ýagşa ýormaga endik edipdirler. Günleriň birinde bu söwdagär ýol şaýyny tutup, azygyny, harjyny-harajadyny jemläp, ýene-de argyşa gidermen bolupdyr. Uzak ýurtlaryň del harytlaryndan edinmek isleýän goňşularynyň biri hem çagalaryny sowgat bilen begendirmek üçin gazanjyndan bir ýana aýryp goýan pullaryny berip, şoňa düşýän täsin zatlary getirmegi haýyş edipdir. Söwdagäriň bu gezekki sapary deňizleriň üstünden geçýän eken. Ahyry ugurly günleriň birinde söwdagär ýola düşüpdir. Birnäçe günlerden soňra barmaly menziline aşypdyr. Ol ýurduň bazarlaryny

aýlanyp, söwdalaşyp, gerek harytlaryny, sargyt edilen zatlary satyn alypdyr. «Hemme işlerimi birýüzli etdim» diýibem, öz iline gaýdýan gämä münüp, ýola düşüpdir. Ýolda gelýärkä, deňizde bir harasat gopupdyr. Gämi ugruny ýitirip, ahyry bir ýalpak ýere süsňäp durupdyr. Käbir ýerleri bolsa mazaly harap bolupdyr. Her kim howul-hara özüni kenara atypdyr. Soňra harytlaryny, goş-golamlaryny gämiden çykarypdyrlar. Bu ýer nätanyş bir ada ekeni. Yns-jynsyň ysy ornan ýerlere meňzemeýän ekeni. Adadaky baglarda oňňut edere ir-iýmiş, miwe gory bar ekeni. Teşneligiňi gandyrar ýaly çeşme-de akyp ýatan ekeni. Ýaşamaga ýa-da günüňi aýlamaga mümkinçilik bolsa-da, her kime öz ýoly, öz ili has eziz. Üstesine, «pylança günden dolanyp gelerin» diýip, goňşy-golam, dost-ýardan sowgatlyk harjy alyp, söz berip gaýdan adamlar üçin her sekunt wagt altyna barabar. Söz, lebiz, äht jan bilen bitewi bir zat. Söz berdiňmi, wagtynda bitirmäge çalyşmaly, ýogsam durmuş biziň erkimizi, berkligimizi barlamak, synamak üçin göz gamaşdyryp, akyl aýlaýan dürli-dümen bahanalaryny hem keserdip goýýar. Çykgynsyz ýagdaýa düşen ýaňky söwdagärem şol bahana duwlanyp, iki elini sallap galyp bilerdi, ýöne lebizli adamlaryň hereketi başgaça bolýar. Ol müň dürli pikirlere duwlanypdyr. Gäminiň bu harap haly bilen bu gün-ertir ýola düşüljege meňzänok. Söz berlen möhlet bolsa golaýlaşyp gelýär. Akyl göwün gandyrýan bir çykalgany salgy bermeýän wagtynda ähli erk-ygtyýaryňy, işleriň çözgüdini Biribara ynanmakdan başga çäre galmaýar. Ýaňky söwdagär gäminiň harap bolan we başga zada ýaramajak iki sany agajyny alypdyr. Goňşusynyň sargan zatlaryny ýaňky agaçlaryň üstüne daňyşdyrypdyr. Bir bölek kagyza-da bu harytlaryň kime degişlidigini, özleriniň duçar bolan ýagdaýyny we nesip etse, ýakyn wagtlarda dolanyp barjakdygyny ýazypdyr. Deňziň içine girip, Biribardan enaýat isläp, şol agajy wagtynda aşyrmagy towakga edip ýalbarypdyr.

Diýlen wagt dolansoň, her kim söwdagäriň gelerine sabyrsyzlyk bilen garaşypdyrlar. Ýöne aglaba halatda ir guşlukda öýe dolanýan söwdagärden habar-hatyr ýokmuşyn. Gün öýleden agypdyr, ikindä

golaýlapdyr. Şol wagt balykçylaryň deňizde üstüne nämedir bir zatlar daňlan sala gözleri kaklyşypdyr. Baryp görseler, hälki söwdagäriň ýollan zady ekeni. Olar deňziň içinden özlerine tarap ýüzüp gelýän bu sala geň galypdyrlar, sebäbi tolkunlaryň ugruna seretseňem, sal öz ugruny başga tarapa üýtgetmeli bolýan eken. Ýöne bir hakykat bar, ykbal bir zat bilen begendirmek islese, durmuş tolkunlarynyň haýsy tarapa syrygýandygy hiç täsir etmeýär. Balykçylar bu zatlary kenara alyp çykypdyrlar. Goş-golamlary, harytlary barlap görensoňlar, hemme zat aýan bolupdyr. Ony söwdagäriň goňşusyna eltip beripdirler. Kagyzda ýazylan wakany okap hem-de harytlaryň öz wagtynda gelmegine haýran galypdyrlar. Üstesine, olaryň haýsy tarapdaky adada düşlemeli bolandygynyň anyk salgysyny kesgitläp, ol ýere täze gämi ugradypdyrlar. Şeýdip, beýleki adamlary hem halas edipdirler. Kimler muňa kyssa diýip düşüner, ýöne onuň bolan wakadygy köne kitaplarda teswirlenýär. Durmuşyň bir hakykaty welin düşnükli we aýan – hemişe halal gezseň, dogruçyl bolsaň, hiç kimi aldamasaň, aglatmasaň, ykbal her bir darykdyrýan pursatda hem seni goldamagyny we goramagyny dowam edýär. Hatda duýdansyz peýda bolýan durmuş deňizleri, ters tarapa ýaýylýan tolkunlar hem size niýetlenen ylahy ýardamyň öňüni bökdärden juda ejizdir.

***

Her ýüregiň içiniň behişt ýa bossan däldigi düşnükli, şonuň üçin adamzat gatnaşyklary babatda hemişe bir hörpden gopmak dogry bolubam duranok. Oý-pikirler, düşünjedir dünýägaraýyşlar biri-birinden parhly, muňa garamazdan ýumşaklyk, mylaýymlyk, mylakatlylyk bilen çemeleşilse, birbada maňzymyza batmaýan häsiýetlere sabyr--tagapyl edilse, ýüreklere barýan ýoly tapmak mümkin.

Uzak ýoldan aryp gelýän biriniň ýoly Ybraýym pygamberiň üstünden düşüpdir. Ol gele-gelmäne salam-helikden öňürti Ybraýym pygamberden iýere bir zat sorapdyr. Pygamber ýaş ýigitlere bu bendäniň işdäsi aljak nahar-şor taýýarlamagy tabşyryp, üst-başy

sal-sal lybasly bu bendäni saçak başyna çagyrypdyr. Naz-nygmatdan doly saçagy giňden ýazypdyr. Açlygyndan ýaňa eňki agyp giden ötegçi tegelek çörege gözi kaklyşandan saklanyp bilmändir. Bitin çöregi eline alagada dessine gyrasyndan dişlemäge durupdyr. Ybraýym pygamber: «Nahara başlanyňda «bismilla» diýmegi unutma, bu şu çöregi bize ýetiren Biribara şükür etmekdir» diýipdir. Ýaňky ötegçiniň çeýnän çöregi heniz bogazyndan hem ötmän ekeni, ol sakga säginipdir-de: «Alla» diýýäniň kim?» diýip sorapdyr. «Ol Älemleri we hemme zady ýaradan Perwerdigär, hemme zadyň eýesi, hatda biziňem Eýämiz, Hojaýynymyz» diýip, Ybraýym pygamber başardygyndan düşündirmäge durupdyr. Bu ötegçi hiç zada uýmaýan, ynanmaýan, yrym etmeýän ynançsyz adamlaryň biri ekeni. Ol: «Men näme diýip-diýmänimde, saňa näme? Men senden nahar iýlende näme diýmelidigini soramadym, diňe iýere zat soradym» diýipdir. Ybraýym pygamberiň hem munuň hötjetligine girre gahary gelipdir. «Meniň duzumy iýýän wagtyň, duz edebini saklamaga-da borçlusyň. Edebi saklamazlyk – öý eýesini sylamazlykdyr» diýipdir. Ötegçi hem raýyndan gaýtmandyr. «Men seniň hojaňam bilemok, hojaýynyňam. Men aç we şu wagt kellämde iýmekden, doýmakdan başga pikir ýok. Çöregiňi berdiň dälmi, onda, azaryň ýetmesin, päsgel berme. Meni öz başyma goý» diýipdir. Emma Ybraýym pygamber hem gaharyna bäs edip bilmändir. «Meni sylamaýan bolsaň, tur, ugra şu ýerden. Bulara hem ýal bermeli, hem ýalbarmaly» diýipdir. Ötegçi elindäki çöregi şol durşuna goýup, bu ýerden çykyp gidipdir. Ol gidensoňam Ybraýymyň gahary wagty bilen köşeşmändir. «Ýaşap ýörseň, her töwra adama gabat gelip bolýar. Ýagşylyk edýänem sen, üstesine ýaman atly bolýanam sen. Bulary hem doýurmaly, hem gepini çekmeli, akyla sygjak zat däl-ä. Myhmandygyna garamazdan, Taňryny inkär edip oturana güler ýüzli bakmagam dürs däldir» diýip, öz ýanyndan özüni aklamaga, özüni hakly çykarmaga çalyşýan ekeni. Şeýdip duýdansyz peýda bolan ötegçi uzak eglenmän gözden ýitipdir.

Şol gije Ybraýym pygamber düýş görüpdir. Düýşünde ylahy owaz: «Eý, Ybraýym, bu günki myhmanyňy nähili garşyladyň? Oňa mynasyp hezzet-hormat etdiňmi?» diýip sorapdyr. «Eý, Perwerdigärim, ol ötegçi myhman hezzet ýaraşykly biri däl ekeni. Sürtseňem, ýagşylyk ýokjaga meňzänok. Ne edep saklaýar, ne şükür etmäni, alkyş aýtmagy oňarýar. Üstesine, ol meniň ynanjymy hem kemsitdi. Şol zeýilli adamlara etmelisem şeýledir» diýip, Ybraýym öz hereketlerini birin-birin ýaňzydypdyr. Şol wagt ylahy owaz: «Eý, Ybraýym, ol altmyş ýyl bäri meni inkär edip gelýär, her ýerde meniň garşyma gürleýär, emma men ondan ýüz öwremok, zeminden, mülkümden kowup çykaramok ahyry. Emma sen pikirleriňiz gabat gelmeýändigi üçin bir sagat çydam edip bilmediň. Heý-de, her düşünjesi siziňki bilen gabat gelmeýänlere gyýa göz bilen garajak bolsaňyz, özüňizden itjek bolsaňyz, onda ýüreklere barýan ýoly nädip taparsyňyz?» diýipdir. Diňe şu sözlerden soň Ybraýym pygamber özüniň telek iş edendigine düşünip galypdyr.

***

Hernäçe hoş günüň bolanda hem, adam başynyň aladasy ýetik. Ata-babalarymyz: «Ýer ýüzünde nähilidir bir aladasy-ünjüsi bolmaýan, başy agyrmaýan ýa damary syzlamaýan hiç kimse ýokdur. Her kesiň özüne ýetik aladasy bardyr» diýer ekenler. Agyryly günlerde dünýäniň gerdene salýan agyrlygyny unutmak ýa-da ýeňletmek üçin elimizden gelýän, dilimize bitýän her zady etmäge taýýar. Emma alada dumanlary depäňden syrylyp, ýene-de asuda durmuşyň asmanynda Güneş ýalbyrap dursa, hemme zady öňküsi ýaly düp-düz saýgarmaga başlasak, berlen sözler, aýdylan janlylar, ýuwaş-ýuwaşdan ýadymyzdan çykyp başlaýar. Hamana, indi öňümizde şeýle meseleler kesermejek ýaly…

Bir gezek Mahmyt Gaznaly göz öňünde tutan ýörişine çykypdyr, ýöne göz öňünde tutmadyk direnişine duçar bolupdyr. Serkerde soltan özüniň ukyp-başarnygyny, hile-pirimini, ugurtapyjylygyny peýdalanyp, dürli göçümleri taslap, taraşlap çykypdyr. Muňa ga-

ramazdan, «Awçy näçe al bilse, aýy şonça ýol biler» diýlişi ýaly, garşydaşyň döwi hem heniz ýaka bererli dälmişin. Bu ýagdaý ep-esli wagta çekipdir. Mahmyt Gaznaly öňe ilerlemäge hiç bir ýagdaý-rowgat tapmandyr. Ähli mümkinçiligini saldarlap, seljerip görensoň we hiç hili netije gazanmansoň, iň soňky çykalga hökmünde (aslynda, ilkibaşda şeýtmelidigine garamazdan, bu hakykat adamlaryň ýadyna iň soňunda düşýär) Hudaýa ýalbaryp ugrapdyr: «Perwerdigärim, ähli zadyň erk-ygtyýary diňe Seniň eliňde. Seniň açan ýoluňy hiç kim baglap bilmez, seniň ýapan ýoluňy hiç kim açyp bilmez. Ähli zady diňe Sen çözüp bilýärsiň. Bize ýardam et. Şu ýörişi sag-salamat jemläp bilsem, munda düşen oljalaryň ählisini garyp-gasarlara, pakyr-pukaralara paýlajak» diýip, dileg-dogada bolupdyr. Ahyry pelek bulara gülüp bakypdyr. Mahmyt Gaznaly ýeňiş sanjaklaryny Gökde parladyp, ol ýörişini üstünlikli jemläpdir. Ummasyz oljalara eýe bolupdyr. Söz berşi ýaly, sözüni ýerine ýetirmäge, berjaý etmäge durupdyr. Her düşen oljany ýoksullara, mätäçlere paýlap başlapdyr. Gymmaty her näçe beýik hem bolsa, hiç bir zady gaznasyna äkitmegi buýurmandyr. Soltan Mahmydyň bu hereketleri gazna emeldarlaryny, wezir-wekilleri iňkise goýupdyr. Derhal soltanyň ýanyna baryp, maslahat beripdirler: «Soltanymyz, munça altyn-kümüşleri, gymmatbaha daşlary, ýüpek halatlary ýeter-ýetmeze deger-degmezine paýlap oturmak isrip bolmazmy? Üstesine, döwletiň bu zatlara zerurlygy bar. Onsoňam, garyp biçäreler bu zatlaryň gymmatyny näbilsin, olary bir gezek nahardan doýrup, süýji suwdan gandyrsaňam, ýeterlik ahyry. Şonda-da alkyşlaryny egsik aýtmazlar» diýip, soltanyň bu hereketine aýak diräpdirler. Emeldarlaryň dowamly «maslahatlary» Mahmyt Gaznalynyň pikirlerini garjaşdyryp başlapdyr. Ol hem soňabaka «Edýän işim telekmikä?» diýip, bikarar bolupdyr. Çuňňur oýlara çümüpdir. Şol wagt hökümdarynyň nähili pikir-ünji bilen gurşalandygyny aňan akyldar wezirleriň biri soltanyň ýanyna baryp: «Eý, soltanym, ýagşy işiň başyny başlanyňyzdan soň, ony bitirip-bitirmezlik babatda endişe edýärmisiňiz? Bu ýerde ikirjeňlenip oturara hiç hili sebäp ýok. Siz

beren sözüňizi amal edýäňiz. Mundan soňam hiç wagt Hudaýa işiň düşmez öýtseň, al, düşen oljalary hazynaňa göter. Eger-de ýene-de Hudaýa ýüz tutmaly bolaryn öýtseň, onda beren sözüňi doly-dürs ýerine ýetir. Dartgynly günlerde, kyn ýagdaýlarda berlen sözleri hoş günüňde unutmajak bolmaly» diýipdir. Soltan bu sözlerden soňra ýene-de öňki sahawatyny dowam edipdir.

…Ýogsa-da, indiki öňe ilerleýişler, işlerimiziň ugrukmagy beren sözlerimizi berjaý edişimize bagly bolup durýar. Üstesine, adamlar bilen özara gatnaşyklarymyzda hem, dünýä, durmuş, tebigat, Ýaradan bilen bagly gatnaşyklarymyzda hem bu hut şeýle. «Indi gaýdyp işim düşesi ýok» diýip, berlen sözlerden däniljek bolsa, ata--babalarymyzyň aýdan bir sözi bar: «Gaýdyp işiň düşmejekdigine kim kepil geçip biler?»

***

Gadym döwürde bir akyldar-dana bolupdyr, gürrüň bermeklerine görä, ol ýedi deňzi geçip, ýedi derýanyň suwuny içip, ýedi yklymda ýük ýazdyran, dünýäniň syryna, durmuşyň manysyna düşünen biri ekeni. Ol her bir müşgil meseläniň çözgüdini dessine tapyp berýärmişin. Aýdýan sözleri ýüregiňe ornarmyşyn. Üstesine, ýüzüňe seredip, ýüregiňdäkini özüňe aýdyp berip otyrmyşyn. Bu akyldaryň at-owazasy äleme dolansoň, her kimiň ony göresi gelipdir, ýagşy dileg-dogasyna, alkyşyna eýe bolmak islegi gün geçdigisaýy artyp gidipdir. Her kim bagtly bolasy gelýär, üstesine, bagta barýan ýollary, täze girdeji gapylaryny, rysgal-bereket çeşmelerini akylyňy emgemän, wagtyňy eglemän tapyp bilseň, oňa ýetesi zat barmy?! Biri oturan ýerinden ýüzüňden ýüregiňi, ýüregiňden geljegiňi okap bilýän bolsa, ýollaryň has dogrusyny salgy berýän bolsa, şol sözleri eşidýänçäň sabyr-çydam etseň bolany, galany – gönençlik. Her kim şeýle süýji hyýallara çümüp, akyldaryň ýanyna tarap ýola düşüpdirler. Ýöne üýtgeşik habar, diňe biziň obalarymyza däl, hemme ýere deň ýaýraýar. Ençeme menzilleri aşyp, akyldaryň mesgenine aralaşanlarynda, bular garaşylmadyk bir ýagdaý bilen ýüzbe-ýüz bolupdyrlar. Mähelleden

ýaňa, akyldaryň öýüne ýetmek hiç mümkin dälmişin. Her kim nobat-ma-nobat, assa-ýuwaş öňe ilerleýän ekeni. «Bir maksat bilen munça ýollary sökdük. Gelenimize görä, ýene biraz garaşaly. Görmän gitsek, elimiz, kalbymyz boş dolansak, munça ýola sarp eden harjymyzam, yhlasymyzam ýele gitdigi bolar» diýşipdirler. Şeýdip, bir gün, iki gün garaşypdyrlar. Ýanlary bilen alyp gaýdan çörekdir gowurdaklary hem tükenensoň, öz gezekleri ýetýänçä, günlükçi bolmaga kaýyl bolupdyrlar. Şol wagt ýaňky akyldaryň hyzmatkärleri uludan jar çekdiripdir: «Halaýyk, üns beriň, akyldar babamyzyň ýanyna gelýänleriň sany gün geçdigiçe artýar. Siziň wagtyňyzy almazlyk üçin bir çykalga bar. Häzir babamyz şol şerti size aýan eder» diýipdir. Soňra akyldaryň özi adamlaryň öňüne çykyp, niýetini mälim edipdir: «Her bir zada dogry düşünmegiňizi towakga edýärin. Bärde, bu ýerde siziň hiç biriňize kembaha garamak meýlimiz ýok, ýöne, özüňiz bilýänsiňiz, eli boş gelýän adamy hiç kim halaýan däldir. Menem edil özüňiz ýaly ynsan – meniň ýanyma hem eliňiz boş gelmäň» diýipdir. Akyldaryň bu sözlerini eşiden adamlar geň galypdyrlar. Her ýerde hyşy-wyşy pyşyrdylar eşidilip ugrapdyr: «Biziň bu ýerlere gelmekden maksadymyz elimizi dolduryp gitmekdi. Elimizde zat bar bolsa, munça ýollary sökjekmi..» diýşipdirler. Akyldar sözüni dowam etdiripdir: «Munuňam bir çykalgasy bar. Ynha, uruda çuwal-çuwal däneler. Anha-da giňiş meýdan. Onuň arkasynda hem bol suwly derýa. «Mugt zadyň berekedi ýok» diýilýär, ýöne biz size şu tohumlyk däneleri ekerine mugtuna bermekçi. Güýjüňiz ýetdiginden ekin ekiň, hasyl alyň. Näçe köp gazansaňyz, şonça-da özüňize gowy. Soňra toplan hasylyňyzy alyp, ýanymyza geliberiň. Size gapymyzam açyk, göwnümizem» diýipdir. Her kim bu şert bilen razylaşypdyr. Göterip bilen dänelerini alyp, derýanyň ýakasyna eňipdir. Ilki melleklik ýer arçapdyrlar. Atyzlara bölüşdirip, çilini çekipdirler. Ýaplaryň raýyşyny timarlap, suw endigan akar ýaly keşleri çekipdirler. Dessine-de ekin ekmäge başlapdyrlar. Ilkibaşda bularyň ählisiniňem gaýraty daş ýarýanlardan eken. Ýöne her bir işde bolşy ýaly, soňuna çenli sabyr

edýänler örän seýrek bolýar. Wagtyň geçmegi bilen bir topar adam aldaýjy ýadawlygyň, ýene birleri ýaltalygyň, ýene birleri lapykeçligiň ýesirine öwrülip, ekin-dikin işlerinden ýüz dönderipdir. Ynsanlaryň käteler nebsiň islegleri bilen göwnüň höweslerini garjaşdyrýan ýerleri bolýar. Göwün hemişe dogry zady salgy berýär, emma nebis ýeňil--ýelpaý hem-de ýaramaz zada ýykgyn edegen bolýar. Işýakmaz bir töwra adamlara-da bu tutaryk ýeterlik: «Biziň rysgalymyz ýerden däl bolmaly. Başga ugurlary aramagymyz gerek» diýşip, kätmendir pillerini hem şol ýerde goýup, öz illerine eli boş dolanypdyrlar. Diňe bir mellegiň däl, eýsem ömrüň hasyllylygyndan umydygärler bolsa, zähmetini dowam edipdirler. Birnäçe aýlardan soňra, her kimiň ekin meýdany hasylyny ýygnabermeli hala gelipdir. Ýöne adamlar bu ýerde hem bir geň ýagdaý bilen gurşalypdyr. «Şol bir däne, şol bir toprak, şol bir suw, emma bular biri-birinden düýpgöter parh edýän ösümlikler. Bu nädip beýle bolýarka?» diýşip, çuňňur pikirlere çümüpdirler. Her kim öz melleginiň hasylyny ýygnaýarmyşyn, ýöne kellelerinde jogaby tapylmaýan şol bir sowal aýlanyp ýörmüşin. «Ýa meniň saýlan dänelerim başga zadyň tohumlarymyka? Ýa meniň mellek ýerim gowy duşmadymyka? Has gowusyny etjek bolup, suwuny artyk beräýdimmikäm?». Garaz, her kimiň serinde bir mesele, ellerinde bolsa hasylly nesibe. Ýygnan hasyllaryny ýanlaryna alyp, akyldaryň bosagasyndan ätläpdirler. Bu gezek nobat başdaky ýaly uzyn däl eken, sebäbi dişlemeli ýerinde döwtalap topulsalaram, işlemeli ýerinde her kimiň sepi-syry açylyberýär. Oňarýan işleýär, oňarmaýan gaçyberýär. Akyldar bularyň her biriniň hasylyny kabul edipdir. Her kimsä degerli maslahat beripdir. Onuň pähimli sözlerinden, pent-nesihatlaryndan gulaklary ganan adamlary indi düýbünden başga mesele gyzyklandyrýan eken. Ahyry olar akyldara sowal bilen ýüzlenipdirler: «Dana babamyz, munça wagtlap ekin-dikin bilen meşgul bolduk, zähmet çekmegi öwrendik. Işledik, hasyl ýygnadyk. Bu gün siziň huzuryňyzda ýagşy öwütleri, sözleri diňledik. Ýöne henizem bir mesele jogapsyz galýar. Biz hiç akyl ýetirip bilemzok,

ählimiziň alan dänelerimiz birmeňzeş dänelerdi. Ählimiz şol bir topraga ekdik. Ählimiz şol bir deryanyň suwuna gandyrdyk. Ýöne biziň melleklerimizde, meýdanlarymyzda biten ösümlikler, daragtlar düýbünden üýtgeşik. Bir mellekde bugdaý, ýene birinde arpa, ýene birinde dary, başga birinde gawun-garpyz. Üstesine, biz-ä däneden daragt gögerýändigini ilkinji gezek görýäris. Käbirlerimiziň ekini alma, erik, armyt ýa hoz daragty bolup dur. Munuň syry, hikmeti nämede?» diýip sorapdyrlar. Akyldar myssa ýylgyrypdyr: «Bu ýerde üýtgeşik syr ýok. Üstesine, her bir üýtgeşikligiň sebäbini başga zatlardan ýa-da başga kişilerden gözlemäge endik etmäň. Hasylyň dürli-dürli bolmagynda topragyň hiç hili günäsi ýok – ähliňiz şol bir meňzeş topraga ekdiňiz. Oňa suw hem sebäpkär däl, ähliňiz şol bir suwa ýakdyňyz. Munuň şeýle bolmagyna diňe özüňiz – öz pikirleriňiz sebäp boldy. Toprak ýürekde göterýän niýetleriňize hem-de sarp eden yhlasyňyza görä hasyl, miwe berdi. Bu bir synag topragydy. Synaga hötde gelenler sylaga eýe bolýandyr. Her gazanan zadyňyz özüňiziňki. Her çeken zähmetiňiziň haýry-höziri hem, abraýy hem ýene özüňize dolanýar. Hemişe päk ýürekli, ýagşy niýetli, halal hereketli gezmäge endik ediň, şonda el uran her işiňiz bereketli bolar. Nebsiň birbada baş sämedýän aldawyna düşüp, ýaltalyga ýa-da oňlanylmaýan ýaramaz hereketlere baş ursaňyz, bereketdenem, bagtyýarlykdanam mahrum galarsyňyz. Onsoňam, il gözüne çöp atyp bolmaýar, edýän hereketleriňiziň hasyly ahyry äşgär bolar. Ekeniňizi orarsyňyz, niýetiňize görä hasyl ýygnarsyňyz» diýip jogap beripdir.

Käteler käbir zadyň çözgüdi çuňňur pikirlenmeleri talap edýär. Ýöne, dessine düşünip bolýan durmuş hakykatlary hem bar – ynsanyň bagtyýarlygynyň, işleriniň şowlulygynyň, köplenç halatda öz niýetlerine, pikirlerine baglydygy ýaňzydylýar. Topragyň gül-pürçük bolmagam ýa gurt-gurçuk bolmagam diňe özüňe – öz pikirleriňe, niýetleriňe bagly. Şeýle bolansoň, her birimize hemişe ýagşy niýetli bolmak ündelýär. Zähmet çekmek, yhlas etmek bilen köp ýagşy zatlary gazanyp bolýandygy tekrarlanýar. Ýaramaz päl-niýet bolsa…

…Öňem biri özüni öwüp, lap urup başlanda, özüni epeý görkezip, özgeleri arka taşlanda, ýaşulularyň biri ýuwaşlyk bilen ýanyna baryp, onuň gulagyna pyşyrdapdyr: «Hiç kim hiç zat bilmeýän ýalydyr welin, hemmeler hemme zatdan habarly…». Mahlasy, ertir ýüzüňi gyzartjak işleri şu gün etmäniň gowy.

***

Gijäniň yzyndan hökman gündiziň gelýändigine, Günüň dogýandygyna hemmeler ynanýar, ýogsam ynamsyzlyk bilen gurşalan çagymyzda ýadymyza düşmeýän bir hakykat bar: bu dünýäde yzy ýagtylyga sapmaýan garaňkylyk ýokdur. Ýagşy sözler we söhbetler, süýji hekaýatlar we geň galdyrýan gürrüňler aladalardan ünsümizi sowup, täzeçe, başgaça pikirlenmäge gönükdirýär. Dogry we täze pikirler bizi durmuşyň täze basgançaklaryna atarýar. Pikir-düşünje ynsanyň durmuşyna uly täsir edýän zatlaryň biri. Alyş-berişde, söwda-satykda, dürli menzillerde hemişe halal we adyl hereket etmegiň howa deýin ähmiýetli bolşy ýaly, pikir-düşünjelerimizde hem hemişe dogrulygyň, dürslügiň tarapyny tutmak wajyp görülýär. Bagtyýarlyk sagdyn aň-düşünjeden gözbaş alýar. Musa pygamber öz halkynyň aňyndaky «gulçulyk» düşünjesini aýyrmak üçin, olar bilen kyrk ýyllap çöllerde, sähralarda sergezdan gezipdir. Bir pikir ep-esli adamyň ykbalyny üýtgedip bilýär.

Gadym döwürde medrese görendigini gören adam ýok, ýöne ondan-mundan eşiden zadyny, göwnüne görä üýtgedip, ili-güni güýmäp oturan bir adam bar eken. Ol köçe gürrüňlerini kitaplardan hem has ileri tutýan eken. Kimdir biri nämedir bir zat sorasa, bilmeýändigini bildirmejek bolup, ýalan-ýaşryk, terslin-oňlyn gürlär oturar eken. Oňa «okumyş ahun» diýip ýüzlener ekenler.

Şeýle günleriň birinde bu okumyş adamy toýa çagyrypdyrlar. Her kim onuň agzyndan çykjak söze irikge bolup garaşypdyr. Şol toýa medresäni ýaňy gutaran ýaşlaryň biri hem barypdyr. Okumyş ahunyň sözi çasly ýaňlanypdyr. Hörpi-hökümi belentden çykyp-

dyr. Her kim ony hormatlap, aýdan zadyna agzyny açyp, ynanyp otyrmyşyn. Emma onuň gürrüňleri hakykata düýbünden bap gelmese-de, ýaňky ýigit edep saklap, köpçüligiň öňünde «bu sözleriňiz galat» diýmändir. «Märeke daganyndan soň ýaňzydaryn» diýip saklanypdyr. Hakykaty bilýän çagyň, ýalan söze çydam edip oturmak örän agyr. Şol wagt namaz wagty golaýlapdyr. Ýaňky ýigit «täretimi täzeläýin» diýip, eline kündük alyp, bir gyra çekilipdir. Eline akydan suwundan iki damja daşyna serpiläýmezmi, muňa gözi kaklyşan ýaňky «okumyşyň» azgyrylýan sesi gelipdir: «Haý, peläket, edýän işiň näme, ünsli bolarlar. Bir owuç suw zaýaladyň, isrip etdiň, günä batdyň» diýipdir. Şol wagt ýigit hem sypaýylyk bilen «ýarylypdyr»: «Bagyşlaň, hormatly ahun, men sähel ünssüzlik bilen bir owuç suw zaýaladym, siz häliden bäri görnetin ýalan, ýalňyş gürrüňler bilen bir topar adamy zaýaladyňyz. Kimiň günäsiniň çökderdigini Alla bilýändir» diýipdir. Ýaş oglanyň bu sözleri okumyşyň maňzyna batmandyr: «Heý-de sende edep-sylaşyk, hormat-sarpa bolmazmy? Özüňden uly adama jogap gaýtaryp otyrsyň. Biziň derejämize ýetýänçäň, sen entek köp okamaly, köp görmeli, köp iýmeli. Sen entek çörege «çöçje» diýýärkäň, biz köp zatlary başdan geçirdik» diýip gatyrganypdyr. «Göwnüňize degmek niýetim ýokdy, bagyşlaň» diýip, ýaş ýigit ýene-de sypaýyçylyk edipdir. «Ýöne her gezek ussadymyz sapaga girende «Bir tamdyr çöregi artyk iýmek akyllydygyňy aňlatmaýar. Her ýerde hemişe dogry sözlemäge endik ediň. Ýalňyş pikirlere göz ýummaklygyň özi ula-kiçä hormat goýmazlykdyr» diýerdi. Dogry pikiri kabul etmeklik kiçilik däldir. Süleýman pygamber garynjalardan öwüt almagy peslik saýmandyr ahyry» diýipdir. Okumyş ahun näme jogap berjegini bilmändir.

Egri ösen daragtlary hem pudap (pudarlap), timar berseň, göwnüňe görä gelşik gazanyp bolýar. Ýöne ýarsgynyna gidýän düşünjelerden saplanmak aňsat iş däl. Birinji aýdylan söz has ýiti täsir edýär. Pikir babatda aýdylsa, öz düşünjelerimizi juda eý görşümiz

ýaly, has gowy pikir aýdyp bilýän her kes, ýaşynyň uly ýa kiçidigine garamazdan, diňlenilmäge mynasypdyr.

***

Gadym eýýamlardaky bir bendäniň gözüni açyp göreni galtamançylyk, ogry-jümrülik ekeni. Hemişe çölde, gyrda, dag eteginde öteni-geçeni, kerweni talap ýörensoňlar, hemmelerem gününi şeýdip aýlaýandyr öýdüpdir. Zähmet çekip, işläp, ýa mal-gara bakyp, ekin-dikine meşgul bolubam ýaşap bolýandygy hiç aklyna sygmandyr. Ýöne, adamlara boldugyndan rehim-şepagatly garaýan ekeni. Aý aýlanyp, günler ötüpdir. Bu galtaman hem öýli-işikli bolupdyr. Hä diýmänem ilkinji perzende gözi düşüpdir. Indi, iki baş adamy däl-de, bir maşgalany eklemek keşigi boýnuna düşüpdir. Bu wagta çenli ol birnäçe ülpetleriniň hem serdary bolupdyr. Öňki gazanç çeşmeleri hem möwsümine görä ekeni, käteler ummasyz olja düşýän bolsa, käteler hasabyňy tükellemek üçin on barmagam artykmaçlyk edipdir. Öňküden has köp gazanmagyň hyýalynda gezip ýörşüne, indi özüne ýolugan her ötegçiden has köp ýonmak hyýalyna münüpdir. Ýanyndaky ülpet-hemşerileri muny raýyndan gaýtarmaga synanyşypdyrlar. «Agam, biz gaty öte geçýänä däldiris-dä, munça ýowuzlygy bir ýürege sygdyryp bolmaz. Käte-ýarym ol-munuň töwellasyna-da gulak asaly. Aralarynda dili dogaly adamlaram bardyr. Onsoňam, birden guýulýan döwletden yzygiderli damyp duran bereket has ygtybarly görülýär» diýipdirler. Emma ömürboýy rysgyny talaňçylykdan tapyp ýören bende olaryň bu pikiri bilen hiç ylalaşmandyr. «Pursat diýilýän zat hemişe gaýtalanyp duranok. Dünýäniň ozaldan adaty şeýle – gaňryp almaly, gemrip iýmeli. Demiň daş ýarýan mahaly toplanyň toplanyň. Onsoňam, has köp gazanyp bolýarka, az zada kanagat edip bolmaz ahyry» diýipdir. «Wah, seniň bu sözleriňi halal zähmet üçin ulansak bolardy welin, biziň bu pişämiz il oňlajak zat däl. Üstesine, ýanymyzda pyşgyrmasalaram, arkamyzdan nä jüre gep-gürrüňler, gargyşlar aýdylyp durandyr. Olaryňam-a bir hasaby bardyr» diýip, ýanyndaky-

lar toba-tagsyrly gürläpdirler. «Biz-ä öňüräkden bärem şu pişämizi taşlaly diýip ýördük. Bu günem, ine, bir sebäp tapyldy. Alnymyza ýazylan rysgal barybir gelýän bolsa, mundan däl-de, has haýyrlyrak ýollar bilen geljekdir. Onsoňam, ykbal toba etmek üçin puryja berermiş, ýöne hiç zady unutmaýarmyşyn. Ahyry päliňe görä tapmakdan Hudaý saklasyn» diýşipdirler. «Talaňçynyň tobasam, ýalançynyňky ýaly bolar, sähel bahana ýa maý bolsa, ýene öňki endigiňiz oýanar durar. Gidip-gelme endikde haýyr ýokdur. Gowusy, gepi köpeltmäliň-de, işimizi dowam edeliň» diýip, galtamanbaşy dillenipdir. Öňem bu hereketlerinden göwnübölek adamlar talaňçylygy bes etmek üçin belli-külli karara gelipdirler. Galtamanbaşynyň bir özi galypdyr.

Aradan dört-bäş gün geçipdir. Beýleki ýaranlary täze durmuşa ýuwaş-ýuwaşdan uýgunlaşyp başlapdyrlar, sebäbi niýetiň özi ynsany öňünden taýýarlap, taplap ugraýar. Emma galtamanbaşy ýüregine erk edip bilmän ýör diýýär. Mal-gara bakmak, ekerançylyk bilen meşgullanmak hakda pikir öwrüp görüpdir, ýöne onuň muşakgaty göz öňüne gelende, näderini bilmändir. Ýeke özüňdenem netije boljak däl. «Näme bolsa, bolanyny görübereris» diýip, öýüne dolanman, ümdüzine tutduryp gidipdir. Ahyry bir dagyň etegindäki çeşmäniň boýunda düşläpdir. Müň dürli pikir öwrüp görüpdir, emma göwnüni ynjaltdyrjak çykalga tapmandyr. Gözýetim aralykda hem adam garasyna gözi düşmändir. Surnugyp ýollar sökensoň, şol çeşmäniň boýunda uklap galypdyr.

Düýşünde bir bazar mähellesiniň içindemişin. Jemendäniň öňünde bir seki bolup, onuň üstünde hem eli dürre gamçyly jellat duranmyşyn. Bir ýerlerden jarçynyň sesi gelipdir: «Indiki nobat ulus-ili örüzip, gününe goýmaýan, ýol kesip, talaňçylyk edip ýören pylan nekgendäniňki. Aýdylanda ýokmaýan adamlara şeýle jeza berilýär» diýip gygyrypdyr. Bir görse, ony dürre gamçynyň astyna südenekledip alyp barýarmyşynlar. «Haý, duraweriň, meniň göz açyp gören durmuşym şu, men başgaça ýaşap bilemok. Onsoňam, maňa hiç kim hiç zady aýtmady. Meniň günäm ýok» diýipdir. «Saňa

toba edere näçe mysal görkezdik. Alyma sataşdyrdyk, sözüne gulak asmadyň. Özüňden beter zalyma sataşdyrdyk, päliňden gaýtmadyň. «Indi-hä düşüner» diýip, öýli-işikli, maşgalaly etdik, muňa-da düşünmediň. Ýoldaşlaryň diline salyp, saňa ýetirdik, emma bu gezegem öz kejirligiňe tutduň. Geçirimliligiň hem çägi bar. Mundan beýläk her nähak hereketiň hasabyny dessine haklaşar durarys. Ine, bu hem dostlaryň bilen bilelikde toba etmedigiň üçin» diýip, ýagyrnysyna dürre gamçy bilen çalyp başlapdyrlar. Ol adam arkasynyň awusyna çydaman oýanypdyr. Düýşüdigine begenipdir, ýöne arkasy awap durmuşyn. Köýneklerini serpip görse, dogrudanam, gamçy yzlary mese-mälim bildirip dur diýýär. Bu ahwalata haýran galypdyr. Öňki pikirlere daňylyp, dakylyp ýörmegiň kabul ederlikli däldigine, ymykly toba etmelidigine düşünipdir.

Ahyry dürli pikirlere duwlanyp, öýüne dolanypdyr. Aýaly adamsynyň gamgyn halyny görüp, birbada perişan bolupdyr. «Nä döw çaldy, ýüzüň salyk görünýär?» diýip, habaryny bilmek isläpdir. Galtamanbaşy soňky günlerdäki wakalary bolşy-bolşy ýaly beýan edipdir. «Sizi gynandyrmak islemedim, şonuň üçin birbada ýaňzytmadym» diýip, ýanýoldaşy ýüzüni aşak salypdyr. «Her zatda haýyr bar, belki, bu has gowy ýola dönüşdir» diýip, aýaly öz şatlygyny gizlemändir. «Iki bolup, iki ýerden zähmet çekibersek, rysgalymyz artmasa, kemelesi ýok. Hä diýmän oglumyzam ýetişer. Olam bize goltgy bolar» diýipdir. Galtamanbaşy: «Dünýä hemişe bize görä gopar öýdýärdim welin, asyl beýle däl ekeni. Tutuş ömrümi ýalňyş ýaşapdyryn. Ynjydan, göwnüne degen, öte geçen adamlarym üçin wyždan azabynam-a çekmeli bolaryn. Bir göwni ýykmagyň özi nähili gabahat? Muny diňe öz göwnüň ýykylanda göz ýetirýärsiň. Indi men hem öz maşgalam üçin hem-de ynjydan adamlarymy razy etmek üçin işlärin. Munuň üçin hiç zähmetden ýüz öwürmerin» diýipdir. Ol adam şondan soň ymykly toba edipdir. Özüni dürs ýola salypdyr. Dogrulygyna görä hem rysgaly has artyp gidipdir. Her gazanan zadyndan bir bölegini maşgalasyna bölüp beripdir. Galanlaryny öňki talan adam-

laryny tapyp, elin gowşuryp gaýdypdyr. Olardan ötünç-özür sorapdyr. Kimsi bagyşlapdyr, kimsi ýüzüni alyp goýberipdir. Ýöne munuň üçin özi öýke-kine edip ýörmändir, sebäbi öz etmişine düşünensoň, beýlekileriň duýgularyna hem düşünmegi başarypdyr. Ogullaryny halal zähmet bilen terbiýeläpdir. «Halallygyň nähili ähmiýetiniň, peýdasynyň bardygyna irgözin düşünen bolsam, ol-a ynsan balasy ekeni, hatda garynjany hem ynjytmazdym» diýer ekeni.

Nähak gazanjyň özüňe siňmeýändigi, ahyry bir ýeriňden çykýandygy il agzynda köp gaýtalanýan hakykat. Ykbalyň sabyr-takatly garaşyk edýändigi hem gaýta-gaýta ýaňzydylýar. «Men başgaça ýaşap bilemok. Maňa hiç kim duýdurmady» diýip, öz nähak hereketleriňi aklamaga zerurlyk ýok. Dogry ýola näçe çalt düşülse, şonça-da haýyrly. Daş-töweregimiz halallyga pugta eýermek üçin gerekli mysallardan doly.

***

Abraý ýakymly hem-de gowy zat. Il arasynda abraýly-sylagly gezmegiň özi hakyň ýalkandygynyň alamaty. Ýaşulularyň sözlerine uýsak, «uly abraýa eýe bolmak aňsat iş däl, ýöne mümkin bolmaýan zat hem däl». Abraý gazanmak üçin ýagşy gylyk-häsiýetli bolmak, halal zähmet çekmek, diňe bir iş-amallaryňda däl, eýsem pikir--niýetleriňde hem hemişe arassalyga, halallyga eýermek ündelýär. Ýogsam-da, «amallar niýetlere görä» hasyl bolýan bolsa, onda biziň edýän amallarymyz we olaryň täsiri-netijesi niýetlerimiziň ýüze çykmasydyr. Kähalatlarda ummasyz iş edibem, garaşan netijäňi gazanman bolýar. Belki-de, ilki şol işleriň başyna baranymyzda ýürege düwen niýetlerimiz, göz öňünde tutan sepgitlerimiz halallyk ölçeglerinden az-kem sowa düşýändir. Başlan işimize sarp eden yhlasymyz oňa siňdiren tamamyzdan has az gelýändir. Belki-de, diňe görünmek üçin ýa-da il-günüň dilinde ýatlanmak üçin şeýdendiris. Mümkin, şeýle işleri edip bilýändigimize az-kem göwnümiz göterilip, badyhowa ulumsylyk ýüzümizi ýelpäp geçendir. Belki-de, has gowy röwüşde hasyl bolmagy üçin heniz biraz sabyr etmelidiris. Her

edilýän iş ýaramaz päl-niýetlerden uzak durdugyça, onuň bereketi, eýesine getirýän abraýy artyp gidýär. Ýagşy niýetleriň amallara oňyn täsir edişi ýaly, ýaramaz niýetler hem, hatda az-owlak hem bolsa, her bir işe, ýagdaýa oňaýsyz täsirini ýetirýär. Gözboýagçylyk, ulumsylyk hakda halk pähimlerinde hem birnäçe dürdäne sözler bar: «Pälini pes tutan adamyň il içindäki abraýy beýik bolar», «Göz üçin edilen işde bereket ýokdur», «Ýagşy niýetden ugur almadyk her bir işiň soňy petikdir».

Öten eýýamlarda jomartlygy bilen tanalmak isleýän, adynyň Hatam Taý bilen bilelikde ýatlanylmagyny isleýän baýlaryň biri ullakan ybadathana gurdurypdyr. Onuň diwarlaryny dürli nagyşlar bilen bezedipdir. Bosagasyna altyn çaýdyrypdyr. Zer nagyşlar bilen gapysyny zynatlapdyr. Garaz, kaşaňlyk we gözellik babatda her kimiň aklyny haýran edýän derejede owadan ekeni. Ybadathana taýýar bolansoň, adamlar hümer bolşup, ony synlamaga, görmäge, ybadata meşgul bolmaga gelipdirler. Ötlem-ötlem otaglar, gat-gat tekjeler, ybadata çümmek üçin aýratyn hüjreler, pikir alyşmak, maslahatlaşmak üçin ýörite jaýlar, mahlasy, şol ýerde peýdalanyp boljak her bir zat üpjün edilipdir. Adamlar ilki birlaý ähli ýerine aýlanyp çykypdyrlar. Soňra ybadat edipdirler. Uzakly gün eglenibem, öýlerine dolanypdyrlar. Ýolda-yzda her kim täze ybadathananyň gürrüňini edýärmişin. Onuň kaşaňlygy, owadanlygy, özüne çekijiligi, zer çaýylan gapylary we gaýry zatlary birnäçe günläp adamlaryň dilinden düşmändir. Her kes ybadat etmese-de, bu ýeri görmäge, synlamaga ýöriteläp geler ekeni. Ýaňky baý hem adamlary hoşnut edip bilendigine juda begenipdir. Yhlasy ýerine düşdi hasap edipdir. Aradan ep-esli wagt geçipdir. Bu gözellige adamlaryň gözleri öwrenişipdir we ol ybadathanany adaty bir zat hökmünde görüp başlapdyrlar. Indi ony öňküleri ýaly ýatlaýan, öwýän, taryplaýan adamlar ýokmuşyn. Üstesine, olar bu ybadathana gatnap başlaly bäri, başga bir hakykatyň üstüni açypdyrlar. Ybadatlara we salyh amallara gezek gelende barha biperwaý çemeleşip başlandyklaryna, geleňsizlige köp ýol berýändiklerine, agzybirlige

däl-de her kimiň öz bähbidine artykmaç üns berip başlandygyna göz ýetiripdirler. «A-how, öňler beýle däldi. Biz üýşüp, agzybirlik bilen ybadat ederdik. Birek-birege has ýakyn, has mähirli garardyk. Emma şu ybadathana gatnap başlalymyz bäri adamlaryň arasyna üzňelik, sowuklyk, diňe özüňi bilmeklik ýaly duýgular aralaşdy, munuň sebäbi näme-kä?» diýip, kän pikir edipdirler. Adamlaryň käbiri: «Owadan nagyşlar esasy zatdan ünsümizi bölýän bolaýmasyn? Şol ýere bardygymyz, göz öňümizde diňe altynsow nagyşlar, ýaldyraşyp duran bezegler, dogrusy, biz ybadaty hem manysyna aň ýetirmän, endik boýunça okap gaýdýan bolmaly» diýen pikiri orta atypdyrlar. Birbada başga çözgüt tapmansoňlar, munuň bar sebäbi şol bolmaly diýen netijä gelipdirler. Emma çüňkde oturan ýaşulularyň biri: «Ýagşy zatlardan ünsümizi sowýan nagyşlar däl bolsa gerek, altyn çaýylan zatlaram bir gün aldar, iki gün aldar, ahyry göz öwrenişip gidýär, soňabaka oňa ähmiýet berýänem galmaýar. Ynha, goňşy obada hem şeýle owadan, kaşaň, zer çaýylan ybadathana bar, emma onuň içinde biraz eglenseň, eýýäm göwnüň göterilip, ruhuň şatlanýar. Munuň syry bezeglerde bolmaly däl» diýipdir. Sebäbini, syryny bilmeselerem, adamlar öz aralaryna bir sowuklygyň aralaşandygyna ähmiýet berip başlapdyrlar. Her kimiň özüni görkezesi, özüni öwdüresi gelip durmuşyn. Şeýle pikir-niýet ýüreklerine ornaşansoň, olar ybadathana gatnamaklygy hem ýuwaş-ýuwaşdan bes edipdirler. Her kes «bagtym, bähbidim, şöhratym» diýip, hars urmaga, çarp urmaga başlapdyr. Açylan günleri mähelleden ýaňa dolup-daşan ybadathana hem dura-bara gugaryp galypdyr. Soňabaka oňa ähmiýet berýänem, ony gurduran baýy ýatlaýanam bolmandyr. Gaýta: «Şu ybadathanadan soňra adamlaryň kalbyna şöhratparazlyk, diňe özüňi bilmeklik ýaly duýgular aralaşdy» diýipdirler. Şeýle diýerçe hem bolan ekeni, aslynda-da nirede düşleseň, ornaşsaň ýa-da biraz eglenseň, şol ýere mahsus häsiýet hem-de aýratynlyk adamlaryň tebigatyna siňýär diýilýär. Bu ynsanlar babatda hem hut şeýle, ýagşylaryň ýanynda köpräk boluberseň, ýagşy häsiýetleriň, döwletliligiň we bereketliligiň ýokýandygy ýatlanylýar.

Ýaramaz häsiýetleriň ýokuşýandygy babatda hem şol hakykat tekrarlanýar.

Akyldarlaryň eserlerinde şeýle mazmunda bir jümle bar: «Gözel gylyk-häsiýetlere bürenmek, ýagşy ýerde ýatlanmak üçin göz üçin hereket etmekden, kimdir birine görünjek bolmakdan uzak duruň, il-günüň haýry-bähbidine ak ýürekden zähmet çekiň. Niýet-pällerimiz näçe arassa we halal boldugyça, edýän işlerimiziň täsiri-abraýy hem şonça artyp gider».

***

«Hak tagala bendesiniň üstüne göterip bilmejek zadyny ýüklemezmiş». Her gezek şu mazmundaky sözleri okanymyzda islendik bir kynçylygy ýa-da baş aýlaýan aladalary ýeňip geçip boljakdygyna, bize ynanylan zatlary berjaý edip biljekdigimize, alnymyzdan çykan her bir zada hötde gelip boljakdygyna ynamyň artýar. Bu sözler ýan bermän, ýaýdanman, ýaltanman, ejizlemän, ruhdan düşmän öňe ilerläberseň, ahyry arzyly menzile ýetip boljakdygyny buşlaýan bir hakykat hökmünde görülýär. Ýöne «göterip bilmejek zadymyz ýüklenilmeýän» bolsa, «göternip bilmezlik» diýen düşünje nireden çykdy-ka? Bu sowalyň çözgüdini şol ugurdaky alymlara goýalyň-da, mahal-mahal temegini Göge dikýän käbir adamlaryň kyssasyna geçeli. Özüňi kimdir birinden ökde, ussat, sowatly görkezjek bolmak hiç bir halatda oňlanylmaýan häsiýet. Haýsy alym köp zatlardan habarly boldugyça, ol şonça-da pälini pes tutarmyş. «Barly agajyň başy aşak» diýleni.

Ýaşlaryň biri ýedi ýyl medresede okap, obasyna dolanyp gelýän ekeni. Ýanynda bir düýe ýüki kitap, depder, kagyz, galam bar diýýär. Serinde müň sany süýji hyýal bolup, göwnünde zerre gam ýokmuşyn. Ýogsa-da, begenmeli zada begenmegi başarmaly. Ýokary bilimli, sowatly bolup, obaňa dolanmak her kese miýesser edýän bagt däl ahyry. Uçurym ýigidiň ýoly sähralygyň içinden geçýän ekeni. Öz obasy bolsa entek aýak ýeterden uzakda. Ol gijesini bir ýerde düşlemese bol-

jak däl. Ahyry uzakdan görünýän ot alawyna gözi kaklyşypdyr. «Şol ýerde adam-gara bara meňzeýär. Baraýyn, Taňry myhmany alarlar» diýip, düýesini şol tarapa sowupdyr. Hä diýmänem bir çopan goşunyň üstünden barypdyr. Hal-ahwal soraşylypdyr. Ýaşuly çopan bu ýigidi açyk göwün bilen garşylapdyr. Üstesine, onuň ýokary bilimli ýigitdigini bilende has-da begenipdir. «Bu jelegaýlara söwdagär, kerwenem seýrek gelýär. Alym adamy dagyn soňky gezek görenime ýyllar aşandyr. Gel, geç, törde ornaş. Tüýs bize gerek myhman ekeniň. Seni biziň ýanymyza Taňry ýollapdyr» diýip, oňa elinden gelen hezzet-hormat, sylag-sarpany gysganmandyr. Çoluklaryna bir janly soýmagy we datly tagam-şorlary taýýarlamagy buýrupdyr. Özüne şeýle hormat edilmegi ýigidiň göwnüni göteripdir. Göwni bilen birlikde onuň badyhowalygy hem ýokary göterilip başlapdyr. Söz-söhbetiň arasynda sähel bir maý-sebäp bolsa, özüniň köp zatlary bilýändigini, öwrenendigini duýdurasy gelip durmuşyn. Synçy çopanam bu ýigidiň ahwalyny ýüzünden-gözünden okap oturan ekeni, ýöne birbada syr bermändir. Näme diýse, diňläp, «hä»-sini berip oturypdyr. Ýigidiňem barha göhi göterilipdir. «Ýaşuly, seret, ine şu ýyldyz bar-a, gaty parlakdyr, ýöne ol dessine gözden ýitýär. Şol ýyldyza «Ömrüzaýa» diýilýär. Ine, bu ýyldyz bar, oňa Ýedigen diýilýär, sanap görseň, hem ýedi sanydyr, hem ýedilige meňzeşdir. Özlerem aralaryndaky dördünji ýyldyzyň daşynda deňölçegli aýlaw edýärler. Ine, bu ýyldyz…». Ýaşuly hem hemme zady ilkinji gezek görýän ýaly üns bilen diňläp, synlap oturyberipdir. Ýigidiň joşup-joşup gürrüň bermesi örän täsirli ekeni. Soň ýigit geografiýadan, hasap ylmyndan, edebiýatdan, taryhdan, mahlasy, medresede näme okan bolsa, hersinden bilýänlerini paýlaşyp durupdyr. Arasynda ýagly naharlardan, kakmaç, gömme, tamdyrlama, çişlik – dürli-dümen tagamlardan garnyny ýazyp, iýenini söz-söhbet bilen siňdirip otyrmyşyn. Nebsiň isleglerine «haýt» diýmeseň, ol artýar gidýär. Ýigidem öwnüp-öwnüp, agzyna bat berip otyrmyşyn. Ýaşuly bu ýigidiň ähli öwünjeňligini geçirip oturypdyr. Ýöne ýigit sözüniň arasynda bir zat hakda gürrüň bermekçi bolan-

da: «Siz bir çopan, bu golaýda üýtgeşik janly-jemende, metjit-medrese-de ýok. Düşläp ötýänlerem täze bir zat aýdýandyr öýdemok. Onsoňam, okamasaňyz, bu zatlara düşünýänem dälsiňiz, onda-da men aýdaýyn...» diýip, täze bir zady gürrüň bermäge başlapdyr. Bu söz ýaşulyny birneme ynjydypdyr. Dogrusy, ýokuş görüpdir. Ýöne kimdir biriniň sesini çykarman oturýandygy, onuň bilmeýändigini aňladanok. Ýaşuly ardynjyrapdyr-da, gürrüňe goşulypdyr: «Inim, seniň hälki aýdan ýyldyzyň bar-a, «Ömrüzaýa» ýyldyzy, bu zatlary okaňsoň bilýänsiň, şol ýyldyz ilkagşamlar Asmanyň günbatar-demirgazyk tarapynda az salym parlap durýar, soňra dessine gözden ýitýär. Ýöne ertir irden gündogar tarapda has parlap dogýandyr, düýnki Ömrüzaýa bu gün Daň ýyldyzy diýilýändir. Şu Ýedigen ýyldyzy bardyr, özüň okaňsoň bu zatlary bilýänsiň, siňe synlasaň şolar sazlaşykly öwrüm edip durandyrlar. Ýedigen ýyldyzyny siňňitli synlasaň, pylan keseli bejerýändir. Onsoň, ine bu burçda Akrap ýyldyzy bardyr, ýokarsynda saýlanyp duran iki sany ýyldyzyna üns ber, ana şol ýyldyza az salym gözüňi aýyrman, seredip otursaň, birnäçe iç kesellerinden saplaýandyr. Ine bu ýerdäki Akmaýanyň süýdi ýyldyzlary bardyr. Ol ýyldyza nazar salmagy dowam etseň, süňňüňdäki köp agyrylary aýryp taşlaýandyr. Ine, arkadaky bu ýyldyz...» diýip, Asmanyň ýyldyzlaryny, düňle sähranyň ösümliklerini birin-birin aýdyp beripdir. Ýigit bu zatlary öň eşitmän ekeni. Ýaşulyny diňläp, haýran galypdyr. Öz bilýän, okap-öwrenen zadynyň munuň ylmynyň ýanynda zerre gadar ýokdugyna göz ýetiripdir. «Ýaşuly, aýtsaňyzlaň, siz bu zatlary nireden öwrendiňiz? Bu zatlary bilmek üçin medresäniň ýedi ýyly ýetenok. Siz bu sähraýy giňişlikde köp zatdan habar berip otyrsyňyz. Bu habarlar, maglumatlar size nädip ýetýär?» diýipdir. «Inim, siz dünýäni kitaplardan öwrenýäňiz, biz bolsa tebigatyň özünden öwrenýäris. Siz kitap setirlerini yzarlaýan wagtyňyz, biz Asmanda ýyldyzlaryň hereketini we täsirini öwrenýäris. Düşünip bilýän adam üçin älem-jahanyň özi sahypasy tükenmeýän bir kitap» diýip, özleriniň bu zatlara göz ýetirişlerini birin-birin gürrüň beripdir. «Men ýedi ýyl okap, hemme zada göz ýetirendirin öýdüpdirin, ýalňyş pikir eden eke-

nim. Siz maňa juda köp zatlary öwretdiňiz, iň esasy zadam, nirede okandygyňa, nähili ýaşandygyňa garamazdan, özüňden ökdeleriň has kändigine akyl ýetirip, düşünip bildim. Ulumsylykdan, badyhowalykdan, özüme çendenaşa göwnüýetijilikden saplandym» diýip, ýaş ýigit müýnli ýüzüni aşak salypdyr. Ýaşuly mundan soňam ýigit bilen uzak söhbet edipdir, oňa dünýä akyl ýetirmegiň ýollaryny öwredipdir.

Okamak, öwrenmek, bilmek, döretmek – iň gowy häsiýetler. Bularam görnüş-görnüş, hil-hil. Kimler kitapdan öwrenýär, kimler durmuşdan. Ýöne näme öwrenendigiňe, nämeleri bilýändigiňe garamazdan, özüňi kimdir birinden üstün ýa rüstem görmek, özgeleri öz ýanyňda pes saýmak, diňe özüňi akylly we hakly edip görkezmäge çalyşmak, asla oňlanylmaýar. Rowaýatlara görä, «Men ondan gowy» diýen sözi ilki bolup, Adam ata ýaradylanda, şeýtan aýdan ekeni…

***

Mahal-mahal halallyk hakda gürrüň gozgalanda, halal zähmetiň rehmete öwrülýändigi, haram gazanjyň bolsa ahyry bir ýerden urup çykýandygy gaýta-gaýta tekrarlansa-da, durmuşyň bu düzgüniniň hemmeler babatda ýörgünli däldigini ýanjaýan adamlara duş gelensiňiz. «Pylankes ömürboýy elini egrilikden çekenok, göz-görtele galplyk etse-de, gün aýlaýşyna seret, bir gögüň Gününi özi aýlanok diýäýmeseň, galan ähli ýerde sözi täsirli, arzy geçginli. Şolara-ha zat bolanok. Haramyňam ýokýany bar bolmaly...» terzindäki gürrüňler, mahlasy, durmuşyň hasaply hökümine, adyl çözgüdine ynsanlaryň ynamsyz bakyşy ahyry bir dananyň halys ýüregine düşüpdir. «A-how, halaýyk, «her zadyň hasaby bardyr» diýlip, ýöne ýere aýdylanok. Ugrunda bir zat bolmasa, düýbünde bir hakykat ýatmasa, ol jümle munça ýyllap aňlarda ýaşamazdy. Daşyndan seredip, ynsanlaryň içini bilip bolanok. Ol ýürekde nä ahwalat, nä harasat gopýar, biz bihabar. Tenini lybas örtýär, emma syzlap duran her damaryň niçiksi urşy bize belli däl. Diýilýän bolsa, ugrunda bir zat bardyr. Ýöne, halal süňňe haram zat sürtseňem ýokmaz, inine siňdirmegä beýlede dursun.

Ünsüňizi bihuda pikirlere sarp etmäň-de, halal gazanja ähmiýet beriň. Näme haýyr bar bolsa, ählisi halallykda bardyr» diýipdir.

Öňem oba ýerinde ýan-ýana oturan iki sany goňşy bar ekeni. Ikisiniň mellegi-de ol-bu gök önümleri ýetişdirer ýaly atyzlara bölünen ekeni. Birinji goňşy ýeriň halyny, tabyny bilýän, daragtlary haçan oturdyp, däneleri haçan sepmelidigine düşünýän, Aýyň dogup-ýaşaryny, Günüň gyzaryny, sowaryny ymykly öwrenen biri ekeni. Ýere seredişi, yhlas siňdirişi, ekin-dikine üns berşi hem ýan goňşusyndan mese-mälim tapawutly ekeni. Beýleki goňşam bala-çagalary bilen boldugyndan ýere idi-esewan edipdir, ýöne iki melleginiň hasyly-girdejisi biri-birinden juda parhly ekeni. Her ädim ýeri peýdalanyp boljakdygyna düşünýän goňşusy bir gün öz ýanyndan pikir öwrüpdir. «Goňşularym ýere seretmeginiň ebeteýini tapman geçdiler. Hasylynyň her hoşasyndan altyn gazanyp bolýarka, bir orulýan, tiz sowulýan ekinler bilen kanagat edip ýörler. Topragyň ähli mümkinçiligini peýdalanmak gerek. Ýogsa-da, gel şu atyzlaryň çiline, raýyşyna timar beremde, goňşy mellekden bir sere ýeri özümiňkä goşaýyn. Bildirip durasy ýok. Üstesine topragy has hasylly etsem, ikimize-de bähbitlidir. Ýeri ýerlikli ulanmazlyk ýazyk ahyry. Şeýtmek bilen goňşymy hem bir garamatdan halas etdigim bolar» diýipdir. Garaz, öz etsem-goýsamyny delillendirjek, tasa getirjek bolup, pikir baryny öwrüpdir. Güýz sowlup, topragyň dem alaryna goýulýan wagty hem goňşaralykdaky çile timar berip ýörşüne, bir depik gumy goňşusynyň mellegine tarap atar ekeni. Şeýdip, laýyk bir sere ýeri uzaboýuna öz mellegine goşmagy başarypdyr. Indiki ýylyň taýyarlygam göwnejaý bolupdyr. Ýüreginde, köňlünde, süňňünde hiç bir birahatlyk duýmansoň, edýän işlerini oňuna hasaplap geziberipdir. Garaşyşy ýaly, hasyly-da öňküsinden has ganymat bolupdyr. Yhlasment goňşy muňa begenipdir. Şol ýylyň ahyrynda ýene bir sere ýeri özüniňkä goşmagy ýüregine düwüpdir. Girdejisini hasaplap görse, maýa goruny artdyrjak eklenç çeşmesini ýola goýup boljak ekeni. Şeýle süýji hyýallar bilen gezip ýörşüne ýylyň aýagy gelipdir. Şol

günleriň birinde duýdansyz peýda bolup güýçli çabga töwerek-daşy suw-sil edipdir. Mal-garanyň daşyna aýlanan agyly hem serpip gidipdir. Ýaňky eýesi gelip görüpdir, içini çekip, haýygyp galypdyr. Mallarynyň bir bölegi janhowluna urnup ýatan bolsa, ýene bir bölegi kim bilýär nirede ygyp ýörenini, tükelläp görse sany ýetmän dur diýýär. Ýöne näme üçindir goňşusynyň howlusy aman-asuda ekeni. Ol goňşusy «Beterinden saklasyn. Has uly belany başdan sowdugy bolsun» diýip, göwnüni ynjaldypdyr. Emma aradan biraz wagt geçensoň başga bir tebigy heläkçilik ýüz beripdir-de, mal-garasyny mazaly heläk edipdir. Garaz, soňky aýlaryň dowamynda bu goňşusy bir sere ýerden gazanan girdejisiniň onlarça essesini arduryja gidermeli bolupdyr. Bu goňşy oturyp pikir edipdir. Alasarmyk pikirler indi onuň saglygyna hem zeper ýetirip başlapdyr. Öňki güýç-gaýrat, gurbat-kuwwat ýok diýýär. Haýdan-haý lukman çagyrypdyrlar. Birhaýukdan soňra eli däri-dermanly lukmanam haýdaşlap gelipdir. Hassany düşege geçiripdirler. Lukman birlaý gözden geçiripdir. Gözüniň, ýüzüniň, diliniň reňňine, halyna, damar urgusyna seredip, sökelligiň sebäbini bilmäge çalşypdyr. Daýhanyň ömürboýy kesbinden, hemişe ýere örküni berip, suwdan çykman ýörenliginden çen tutubam «Ýaşuly, guragyry ýürege beripdir öýdýän. Özüňize seretmegiňiz, saglygyňyzy bejertmegiňiz gerek» diýipdir. Şeýdip, lukmanyň salgy beren däri-dermanlaryny içip, bir ýyla golaý wagtyny geçiripdir. Melleginiň, ekin-dikiniň haly hem göz-görtele pese düşüpdir. Ýerleri şor basyp ugrapdyr. Ýuwaş-ýuwaşdan berekedem ol hojalygy terk edipdir. Üstesine hassalyk. Däri-dermana pul ýetirjek bolsaňam, ýyllarboýy gazanjy ýetmän dur diýýär. Has birahat edýän ýeri, hassa aýak üstüne galyp gidibermändir. Gaýta bitap hal, bimejal göwre, ysgynsyz aýaklar has-da lapyny keç edipdir. Lukmanam ýyla golaý siňdirilen bejergiden soňra bir hakykaty boýun alypdyr. «Ýaşuly, başda çaklaýşymyz dogry çykmady. Bu guragyrynyň oýny däl ýaly. Munuň heniz ylyma mälim bolmadyk başga bir sebäbi bar bolmaly» diýipdir. Sähel ýarawsyzlyk gurşasa, ynsan geljegini däl-de, aglaba halatda geçmişini

göz öňüne getirýär. Öte geçen ýa-da bärden gaýdan ýerleri, göwne degen ýa-da göz-görtele ýamanlyk eden ýerleri, birin-birin göz öňünden geçýär durýar. Ýylboýy düşege baglanyp ýatansoň, pikirden gaýry zada mejaly galmadyk ýaşulam öz hereketleri dogrusynda pikir öwrüp ýetişen ekeni. «Hawa, bu guragyrynyň işi däl. Ýöne ylymda üsti açylmadyk, aýdylmadyk bir hakykatam däl. Munuň dermany tobada» diýipdir. Soňra çagalaryny üýşürip, eden işlerini birin-birin beýan edipdir. Şol bir sere ýeri bildirmezden öňki katdyna getirmeklerini sorapdyr. Ogullary aýdyşy ýaly edipdir. Täsin ýeri, şondan köp wagt geçmänkä keseliň güýjemesi aýrylypdyr. Ýene biraz wagtdan soňra saglygy göwün gandyryjy dikelipdir. Goňşusy «Bir sere ýer, bir gara nebis üçin aýakdan-serden jyda düşmänkäk, toba edip ýetişdik. Galan ömrüme – özüme-de, nesillerime-de sapak bolar. Az bolsun, ýöne halal bolsun. Her halal zadyň haýry-berekedi öz içinde bolýandyr» diýipdir. Ol ýene-de mellegine, öňki zähmetine dolanypdyr. Ýöne muňa garamazdan rysgy-berekedi wagty bilen oýanmandyr. Sebäbi, aýtmaklaryna görä, birini nähak ýere ynjytsaň, hakyny iýseň, şol säwligiňi düzedeniňden soňra hem şol adamdan bu hereketleriň üçin ötünç soramasaň, bärden gaýtdygyň hasap edilýär. Rowaýatlara görä, öňem biri «bagyşla» diýmändigi üçin şol sözüň her harpyna bir ýyl mukdarynda ýedi ýyl rysgy baglanypdyr diýilýär.

Käteler her bir hereketimizi tasa getirjek bolup, ýüz hokgany orta atýarys, müň pelsepe otarýarys. Ýöne halallygyň hemmeler üçin sadadan düşnükli ölçeg-kadasy bar. Oňa aýratyn bir ylmy derňew hökman däl.

***

Halal zähmetiň haýry-höziri, ähmiýeti hakda ençeme erteki, kyssa, nakyl bar. Dessandyr eposlaryň süňňünde, özeninde hem ahyrynda haky ödelmeýän hiç bir hereketiň ýokdugy öwran-öwran ýatlanylýar. Haçandyr bir wagt nirededir bir ýerde nähilidir bir usul-ýol ýa-da sebäp-serişde bilen şol edilen ýagşylyklar, halal hereketler özüňe dolanyp gelýär. Kähalatlarda özgeleriň rysgy-rozy, durmuşda gazanýan

üstünlikleri, ýetýän sepgitleri, eýe bolýan alkyş-sylaglary hakda söz açylanda, käbir adamlar şeýle uly sylag-hormata mynasyp däl ýaly hem görnüp biler. Ýöne bu biziň diňe daşyndan synlap, berýän bahalarymyz. Onsoňam, gadymy akyldarlaryň kitabynda şeýle bir jümle bar: «Ykbalyň ýapýan her bir serpaýy hut şoňa mynasypdygyň üçin berlenok. Olaryň käbiri sylag, emma käbiri synagdyr. Ýöne şoňa mynasypdygyňy yhlasyň, zähmetiň, şüküriň bilen görkezmegiň, subut etmegiň hökmandyr». Belki-de, wakalaryň içinden, jümmüşinden asla habarymyz ýokdur. Köprüde ýa-da dar geçitde edilen ýagşylyk üçin diňe köprüniň üstünde sylaglanmaly diýlen düzgün ýok. Nirededir bir ýerde bitiren halal hereketi, yhlasly zähmeti üçin başga bir ýerlerde eý görülmegi, eziz görülmegi durmuş kanunlarynyň, kada laýyk ýagdaýlaryň biridir. Şeýle hasap halala sygmaýan hereketler babatda hem ýörgünli. Dogry-dürs hereketlere rysgal-bereket, şowlulyk hemra bolýan bolsa, nähak hereketler ýa-da oňlanylmaýan niýet-zähmetler ahyry mazalyja suwuňa degýän, degnaňy garjaşdyryp, hasap tapmaz ýaly derejä eltýän wakalara duçar edýär.

Gürrüň bermeklerine görä, öň bir obada özgeleriň zähmetini ulanyp, olary aldap-ogşap söwda çekýän, emma söz bereninden we düşýän gymmatyndan örän az hak berip, olaryň hakyny iýýän, çürkeýän biri bolupdyr. Şeýdip, ýygnap-ýygşyran gazanjy bilen gurpluja birine öwrülipdir. Baýapdyr. Birmahallar diňe ýörejek ýollaryna seredýän tiňkesi ýuwaş-ýuwaş ýokary göterilipdir. Onsoň, «temegini göge dikýänleriň» biri bolup galyberipdir. Söwdasynyň gerimini hem barha giňeldipdir. Iş-aladasy artdygyça il-günden hem çetleşip ugrapdyr. Köpüň toýuna, ýasyna, märekesine görünmäge boş wagty hem, isleg-höwesi hem galmanmyşyn. Hatda soňabaka berlen salamy almaga-da wagty bolmandyr. Köne külbesiniň ornuna köşk ýaly jaý dikeldip, daşyna ogry-jümri golaýlaşmaz ýaly demir çitenekden germew aýlapdyr. Zadyň artdygyça aladaň artýar diýleni, öňler diňe gazanmak maksady bilen çarp urýan söwdagär indi gazanan zatlaryny saklamak üçinem pikir edip başlapdyr. Üstesine, kimdir biri öz mal-mülküne

göz dikýän ýaly howsaladyr howatyrlanmalara hem hemra bolupdyr. Sebäbi, henizem ili çürkemekden elini çekmän ekeni. Şeýle günleriň birinde ýene-de öňki edähedi bilen söwda-satyga gidermen bolupdyr. Öýde galýan çagalaryna hem berk sargapdyr: «Hergiz howludan daşyna çykmaň. Bir sebäp bilen çykmaly bolsaňyz hem gapyny mäkäm gulplaň. Del adam görseňiz, ýanyna barmaň, golaýlaşmaň. Adamlara ynam ýokdur, ýüzüňe gülüp bakar, ýöne ýüregi bet pygyldan ýaňa gara-örtdür…». Garaz, hemme zady berk sargadym diýip, ýola rowana bolupdyr. Ýöne, näme çaga üçin giňiş meýdan dar howludan has täsirli. Onsoň çagalar oýna höweslenip, beýleki deň-duşlary bilen oýnaslary gelipdir. Howlynyň derwezesini hem mäkäm gulplapdyrlar. Gaýta-gaýta çekip görüp, gulpludygyna göz ýetirensoňlar hem obanyň çetine oýnamaga gidipdirler. Il arasynda şeýle bir söz bar: «Alla gorasa, açyk gapydan hem bela girmez. Alla goramajak bolsa, demir gapyňy hem döwüp girerler». Aradan köp wagt geçmänkä howludan burugsap ýokary galan gara tüsse goňşy-golamlaryň hemmesini haýykdyrypdyr. Ot-ýalnyň şatyrdysy diňe bir agaçlary däl, demir esbaplary hem gemrip barýan ýaly ekeni. Ýene-de kyn günüňde dadyňa ýetişjek il-gün. Her kim çeleklerini suwdan dolduryp, ýalyna gabsalan goňşy öýüň oduny söndürmäge howlugypdyr. Ýöne.., hiç kimse ne beýik haýatdan aşyp bilipdir, ne-de demir gapynyň kildini ýazdyryp, içeri girip bilipdir. Az pursatlyk salymdan bolsa birmahalky kaşaň öýli howly, jaý we içi doly baýlyk gara köýük bolup galyberipdir. Ylgaşlap gelen çagalaram gijä galypdyrlar. Howla girenlerinde eýýäm iş-işden geçen ekeni. Şonda adamlar ojakdan uçran kiçijik bir uçgunyň kaşaň öýli howlyny dem salymda köýdürip bilýändigine haýran galypdyrlar. Iň esasy zat hem ili çürkemegiň ahyrky netijesiniň neneňsidigine magat göz ýetiripdirler. Haklaşyk üçin ummasyz zadyň zerur däldigine, kiçijik bir uçgunyň hemme zady çözüp bilýändigine akyl ýetiripdirler. Söwdagär bolsa öňki gününem tapmandyr. Gugaryp galan howluda towuga ýükläre-de zat galman ekeni. Hernä jan ýitgisi ýok – şükür edere zady kän. Nähilidigiňe garamazdan nebsi agyrýan,

dadyňa ýetişýän goňşy-golamyň, il-günüň. Her kim teselli berip, elinden gelen ýardamyny edipdir. Bir öý dikeldip beripdirler. Söwdagärem şondan soň ymykly toba edipdir.

Ýaşulular ýöne ýere aýtmaýar: «Hemişe päli pes, kalbyň tobaly gezmeli. Hemişe halal zähmet çekmeli. Iliň hakynam iýmeli däl, zähmetini hem nähak ulanmaly däl. Ykbal bir salym garaşyk eder, emma sabyr käsesi daşyp, puryja möhleti dolansoň, ýörejek ýollaryň büdür-südür bolmagy hökman däl. Takdyr bekine tutanda ynsan tekiz ýerde hem büdräp başlaýar». Mahal-mahal nemrud nebsimize «haýt» diýmesek, ol ynsany has kötel ýodalara sokar. Hemme zada owsun atyp oturyşyna gerek-gerekmejek ähli zady holtumyna sorasy, goltugyna gysasy gelip durýar. Onsoň, karun nebsini, nemrud nähaklygyny mugyra getirmek üçin öňden niýetlenen ýörite düzgünler herekete girýär. Gözüň gorkup, toba daýanmagyň üçin bolsa Gökde Günüň tutulmagy, aşakda zeminiň zenzelä gaplanmagy hökman däl. Gaty ýönekeýje zat, ýöntemje sebäp hemme zady çözýär oturyberýär. Ýakyn-u alyslara hökümini ýöreden, diýdimzor Nemrudy dyza çökeren zat ýekeje çybyn ahyry.

***

Her kim öz durmuşynda ykbalyň bagyş edýän şowlulyklary bilen ýüzbe-ýüz bolandyr. Käwagt garaşylmadyk utuşlar, müň bijäniň içinden seniň paýyň çykmagy, durmuş menzillerinde Hydyr ata kibi sataşýan we derdiňe derman bolýan ynsanlar, dogry çözgüdi tapmagyňyza iteren sözler we pikirler, käwagt öňüňizde tüýs size gerekli zatlaryň peýda bolmagy… şeýle pursatlaryň ýazgysyny ýöredýän bolsaňyz-a depderleriňizi dörüp, gaýtadan okap, ýene bir ýola göz ýetirip bilersiňiz. Beýle ýazgylaryňyz ýok bolsa-da, ýadyňyzda galan juda täsirli wakalar siziň şowlulyk we bagt üçin ýaradylan ynsandygyňyzy delillendirýän ýüzlerçe pursatlar bilen ýüzbe-ýüz eder. Şeýle sowgatlaryň köpdügine garamazdan, ykbalyň ýörite niýetlän paýy hökmünde kabul edýän ýene birnäçe zatlarymyz bar. Ählisini hem «nesibä» syrykdyrýarys. Aslynda kimiň paýy, ykbaly,

nesibesidigi bilen gyzyklanjak ýa pikirlenjek bolamzok. Käbir zatlary bolsa ýerine ýetirmän, aýtman, gowşurman geziberýäris. «Nesibämde bitirmek ýokdur, ýogsam bir sebäp bolardy-da, berjaý ederdim» hörpündäki düşünjeler käýarym bolsa-da köpümiziň serimizden geçýändir. Ugrajak mahalymyz ýörite sargalan salamlar tä ýolda-yzda sataşýançak eýesine gowşuberenok. Diňe gabat gelenimizde ýadymyza salýarys. «Wi, ýogsa-da, arada pylan ýere gidip-gelenimde, size salam aýtdylar». Üstesine käteler «elin gowşuraryn» diýip, äht edip diýen ýaly alyp gaýdan zadymyzy, beýleki adama jaň edip, «Size bir zat iberdiler welin, özüňiz alyp gitjekmisiňiz?» diýibem bilýäris. Ýöne bu hemmelere mahsus ýagdaý däl.

***

Ynsan durmuşynda eklenç-gazanç meselesi hemişe ilkinji orunda durýar. Köp adamlar düşewüntli, girdejili iş bolsa kem görenok. Düşýän puluň sany köp, agramy artyk bolsa-da düşewüntlilige ýorýar. Ýöne ähli döwürleriň akyldarlary düşewünt meselesine birmeňzeş baha beripdirler diýsek öte geçdigimiz bolmaz. Akyldarlaryň biri aýdýar: «Her bir adama bütin ömrüne ýeter ýaly ýeterlik rysgal berilýär. Emma adamlaryň käbiri tygşytlamagyň ýa-da neneňsi sowmagyň ugur-utgusyny bilmän, ýetde-gütde güzeran bilen gün aýlaýar. Onsoňam, girdejisiz kär, hünär ýokdur. Her işi oňaryp etseň, kämil bitirseň, şol hünäriň müşderisem, muşdagam, girdejisem artar gider» diýipdir. Şu wagta çenli eklenç-gazanç, girdeji-düşewünt meselesinde nähilidir bir ylmy ýa-da çeper eser ýazan alymdyr akyldarlaryň ählisi diýen ýaly biragyzdan (käbirleri açyk pyşgyrmasa-da, aýdýan sözüniň düýp özeninde şeýle many bar) – «gazanç näçe halal boldugyça, şonça-da onuň berekedi, haýry-höziri zyýada bolýar» diýen pikiri tassyklaýar.

Güzeran keşigi egnine düşen ýaş ýigitleriň biri bazara söwda etmäge çykypdyr. Heniz söwda-satykda bagtyny synap görmänsoň, birbada işe nähili girişjegini, neneňsi çemeleşjegini bilmeýän ekeni. Ol bazardaky ýan goňşusyndan maslahat sorapdyr: «Agam, menem

bir illäp-günläp ýola salaweriň. Ýagdaýym-a özüňiz bilýäňiz. Bu ugurda-da ne sowadym, ne tejribäm bar. Başga-da çykalgam ýok. «Rysgalyň ondan dokuz bölegi halal söwdada» diýlensoň, elimi barlap göresim gelýär. Belki, indiki gazanjak rysgallarym söwdadandyr» diýipdir. Köpi gören söwdagärem muňa söwda-satygyň ýollaryny, pirimlerini öwredipdir, her kime açmaýan käbir pikirlerini aýdypdyr. Halypa söwdagäri diňläp oturyşyna, onuň käbir maslahatlaryna ýaş oglan ör-gökden gelipdir. «Agam, beýle söwda etsek, il-günüň hakyny iýsek, olar nägile-närza bolmazmy? Onsoň, olar bu hakykata göz ýetirse, käýinse, gargynsa, işimiz ugrukman dursa…» diýip, halypa söwdagäriň ýüzüne çiňerilipdir. «Inim, bazarda söwda etjek bolsaň, bir gulagyň dykyk bolsun. Beýleki gulagyň bilenem diňe özüňe bähbitli zatlaryň gürrüňini eşit. Her kim diýer goýar, ertesi gün geljek ýeri ýene bazar bolar. Üstesine, olaryň haýsy bir käýinen, gargan sözi hasyl bolup dur? Garaz, ýaş oglanam söwda etmegiň ýoly şeýledir öýdüp, ýuwaş-ýuwaşdan halypa bazarçynyň aýdyşy ýaly hereket edip ugrapdyr. Nebsiň bir häsiýeti, ol gazandygyça köp gazanasy gelýär, hiç wagt kanagaty bolmaýar. Ýaş ýigidiňem bazar-söwdada işdäsi açylyp, işi «ilerläp» ugrapdyr. Ýagny, köpräk pul düşürmegiň «ýoluny» öwrenipdir. Ýöne gelýän girdeji günsaýyn artýan hem bolsa öý-hojalyk meseleleri hiç çözülip gidibermändir. Ýigit bolsa «köp meseläni çözmek üçin köp pul zerur» diýip düşünipdir. Bir gün adatdakysy ýaly bazarda söwda edip oturan ekeni. Şol wagt sada geýnüwli bir müşderi gabat garşysyna gelip durupdyr. Harytlaryň bahasy bilen gyzyklanypdyr, özüne bir-iki sebet gök-miwe önümlerinden çekip bermegini sorapdyr. Ýaş ýigidem endigine görä çekipdir-de, ýörite sebetlere dolap, müşderä uzadypdyr. Bu müşderem juda synçy biri ekeni. Gapan urşundan tereziniň bir tarapyny egisýändigini duýupdyr. Ýogsamam, könelerden galan bir aýtgy-söz bar, «Siňe synlasaň, sepini bildirmeýän ýalançy ýokdur». Müşderi ýaş ýigidiň gulagyna eşitdiribräk: «Inim, terezini kem çekäýdiň öýdýän» diýipdir. Ýigidem ýan bermändir. «Ýok, agam, heý-de iliň hakyny iýip bolarmy?

Bizem siz ýaly çaga ekleýäris. Halal iýdirýäris» diýip, jogap beripdir. Müşderem erjel biri ekeni, ahyry ýaş oglanyň nähak hereketini düşündirmegi başarypdyr. Ýigit müýnli gözlerini aşak dikip: «Agam, aýyp-syn etmäweriň, şu ýerdäkileriň hemmesem şeýdýär. Menem gyrp-çyrp edip gazanmasam, ýetirinip bilemok. Üstesine, öýde hassamyzam bar. Däri-derman üçinem ençeme çykdajy gerek» diýipdir. Bu sözleri eşiden müşderi ör-gökden gelipdir. «Inim, sen bu telek hereketleriňden tiz el çek. Hassaňyz bar bolsa dagy hasam halal işle ahyry. Seniň nähak gazanan puluňa alýan däri-dermanyň ol hassa birjigem peýda etmez. Gaýta «Ýene ol gerek, indi bu derman gerek. Pylan otuň suwuny içirmeli» diýip, düýbünden başga ýana ýazyp gider. Gaýra tesmese, gowulanmaz. Ynanmaýan bolsaňam, göz öňüne getir-de göräý, nähak gazanjyň puly hiç bir hassanam aýak üstüne galdyran däldir. Sen «az bolsun, ýöne halal bolsun» diýseň, onda hem berekediň zyýada bolar, hem-de hassaňyz tiz aýak üstüne galar» diýipdir. Ýaş ýigit bu sözlere birbada pitiwa bermändir. Halypasynyň sargaýşy ýaly, «pul getirmejek pikirlere bir gulagy ýapyk» ekeni. Ýöne her bir aýdylan pikir aňa sepilen tohum, ol öz-özi gämikläp, boý alyp, ösüp-örňäp gidiberýär. Ýigidem ahyry şol müşderiniň pikirine görä hereket edipdir. Halal zähmet çekipdir. Iliň hakyny iýmek hakda jinnek ýaly oý-hyýaly hem serine salmandyr. Şondan köp wagt geçmänkä hem ýyllar boýy düşege baglanyp ýatan hassa bäri bakyp başlapdyr. Ýene biraz wagtdan soň özüni tutupdyr, gutulyp, aýak üstüne galypdyr. Ýigit şonda halal gazanjyň diňe bir adamyň däl, eýsem özüňe dahylly ýene köp adamyň hem ykbalyna ýiti täsir edýändigine göz ýetiripdir.

## DURMUŞYŇ GAÝTARGYSY

Her gezek halallyk hakda söhbet edilende, onuň bilen baglanyşykly durmuşy kyssalaryň, wakalaryň birnäçesi göz öňünde janlanýar. Her gezek halallyk hakda gürrüň gozgalanda, näme üçindir gaýtargy meselesi güpbe ýadyňa düşýär. Men bu ýerde şahsy gatnaşyklardaky,

söwda-satyklardaky gaýtargy pullary däl-de, her kesiň eden işine, amalyna görä hut durmuşyň berýän gaýtargysyny göz öňünde tutýaryn. Durmuş şu babatda şeýle bir adyl – gaýtargysyny almaýan adam ýok. Eger özüňe berlen gaýtargyny halamasaň, gözüňi ýumanyň, gulagyňy dykanyň bilen ol gaýtargydan ýüz öwrübem bolanok. Seňkimi – sen alaýmaly. Ol öz gazanjyň ahyry, başgalara gitjek gümany ýok. Özi hem bu hasap-hesip ähli adam babatda birmeňzeş, göýä durmuşyň hiç wagt bozulmaýan kanuny ýaly bolup dur. Bu düzgün ömrüňe, ýaşyňa, şejeräňe ýa neberäňe, akyl-huşuňa, ukyp-zehiniňe, görk-görmegiňe seredip duranok, ol diňe ýürekde göterýän niýetleriňe we ýerine ýetiren amallaryňa seredýär. Özgelere näçe we näme beren bolsaň, özüňe-de iň bolmanda şony we şonça mukdaryny ýa-da şonuň esse-essesini gaýdyp berýär. Hawa, durmuş bu bir bank, amallarymyz bolsa şol ýerde saklanýan süýşürintgiler ýaly bolup dur. Halal işler, salyh amallar, ýagşy hereketler eden bolsaň, şoňa laýyk; ýaramaz päller, amallar üçin hem şoňa muwapyk girdejili gaýtargy berilýär.

Gadymy gündogar akyldarlarynyň paýhasly sözlerinde ýaşaýyş, durmuş, geljek hakynda ýüregiňe jaý bolan bir jümle bar: «Durmuş – bu biziň edýän işlerimiziň, özümizi alyp barşymyzyň ýaňydyr, hut şonuň özümiz babatda hem gaýtalanmasydyr». Ýogsamam, bu gaýtalanmanyň, bu gaýtargynyň halallyk bilen näme dahyly barka? Eger-de, biziň şu günki hereketlerimiz, şu günki özümizi alyp barşymyz, haçandyr bir wagt ýene özümize dolanyp gelýän bolsa, biz şu gün özgelere nähili garasak, ýene pylança ýyldan özümize hem hut şeýle garaljak bolsa, biz şu gün nämeleri nähili ýol bilen etsek, birnäçe wagtdan soň özümize hem şeýle daraljak bolsa, onda halallyk hakda çuňňur oýlara batanyňa degýär diýip düşünýärin.

Halallygyň, arassalygyň artykmaç taraplary örän kän. Ýaşulularyň aýtmagyna görä, edýän amalyň, iýýän tagamyň halal bolsa, özüňi duýşuň sagat, göwnüň giň, keýpiň çag bolýar. Halal hereket edýän adamyň işleri ugruna, ukusy hem rahat bolýar. Biz öz geljegimizde özümize nähili hezzet-hormaty görmek isleýän bolsak, şu gün şoňa laýyk hereketleri, işleri etmeli bolýarys. Niýet-pälimiz hemişe alny-

myzdan pete-pet çykýar ahyry. Özümiz nähili bolsak, durmuş hem biz babatda hut şeýle göçüm edýär.

Biziň edýän her bir işimiz, göterýän niýetimiz geljegimize düşelýän ýol. Biz öz hereketlerimiz bilen ömrümizi ýasaýarys, oňa bezeg, zynat, gelşik we görk çaýýarys. Halallyk we ýagşylyk – bu ömür ýollaryna ýagtylyk. Ýagdaýy barka, elinden gelen haýyr-yhsanyny gaýgyrmadyk adamyň diňe bir öz geljegi däl, ýedi arkasy, nesil-neberesi döwlet tapýar. Bu hakda gündogaryň gadymy dessanlarynda kän nygtalýar. Ertirki gün nähili durmuşda ýaşasymyz gelse, nähili ýollarda ýöremegi, gezmegi ýüregimize düwen bolsak, şu günki gün şoňa laýyk iş etmek zerur. Sebäbi ömrüň başlangyç pursatlary – geljegiň ekin meýdany.

Eliň bilen deprege kaksaň, onuň sesi töwerege ýaňlanýar. Ykbal elimizdäki deprek, oňa nähili kaksak, şoňa görä hem ses, owaz ömrümize ýaýylýar. Ile-güne nähili çemeleşsek, özgeler bilen gatnaşygymyzda nähili edep kadalaryna uýgun hereket etsek, göwünde, ýürekde neneňsi arzuw-niýetleri götersek, ertirki gün şol ýagdaýyň essesini görmek miýesser edýär. Ine, şuňa hem durmuşyň gaýtargysy diýilýär.

# MAZMUNY

Ýollar bizi birikdirýär ........................................................................ 3
Kerim aş-Şazili. Atamyň durmuş hakda aýtmadyk zatlary .............................. 7
Aşraf Şahin. Durmuş meýdanynyň gerçekleri............................................... 158
Aid al-Karni. Gamgyn bolma!.......................................................................... 241
Durmuşy öwredýän tymsallar ........................................................................ 375
Hakydalara ornan hakykatlar .......................................................................... 464
Türkmenler hakda 100 hekaýat....................................................................... 472
Halallyk kyssalary ........................................................................................... 552

# HALALLYK KYSSALARY


| | |
|---|---|
| Redaktor | *N. Aşyrmämmedow* |
| Surat redaktory | *O. Çerkezowa* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Suratçy | *L. Toýlyýewa* |
| Kompýuter bezegi | *D. Piriýewa,* |
| | *A. Nurýagdyýew* |
| Jogapkär redaktor | *A. Garlyýew* |

A-94017
Çap etmäge rugsat edildi 24.05.2018.
Möçberi 60x84 $^{1}/_{16}$. Edebi garniturasy.
Şertli çap listi 36,74. Şertli reňkli ottiski 66,99
Hasap-neşir listi 32,83 Çap listi 39,5 Sargyt № 975. Sany 8000.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat. Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat. 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.